

GEF

UNDP

Empowered lives.
Resilient nations.

HAZAR

TÜRKMENISTANYŇ GUŞLARY

ПТИЦЫ ТУРКМЕНИСТАНА



# TÜRKMENISTANYŇ GUŞLARY

suratly meýdan kesgitleýjisi

# ПТИЦЫ ТУРКМЕНИСТАНА

полевой иллюстрированный определитель



# TÜRKMENISTANYŇ GUŞLARY

suratly meýdan kesgitleýjisi

# ПТИЦЫ ТУРКМЕНИСТАНА

полевой иллюстрированный определитель

Prof. E.A. Rustamowyň
redaksiýasy bilen

Под редакцией
проф. Э.А. Рустамова



Aşgabat. Ylym - 2013 - Ашхабад. Ылым

UOK 59(038) T90

T 90 **Rustamow E.A. /red./.**
**Türkmenistanyň guşlary: suratly meýdan kesgitleýjisi. – Aşgabat: Ylym, 2013. – 688 s.**
844 reňkli (422 suratlar, 422 karta-shemalar) we 11 gara-ak suratlar.

Kitap Türkmenistanyň guşlary boýunça gysgaça ylmy-populýar maglumat toplumydyr. Okyjylaryň giň köpçüligi, ilkinji nobatda, ornitologlar, şeýle-de zoologlar, ekologlar, geograflar-syýahatçylar, biologiki dürlüligi gorap saklamak ulgamynyň ylmy we amaly işgärleri, goraghanalaryň hünärmenleri, awçylar, mekdep okuwçylary, talyplar, orta we ýokary okuw mekdepleriň mugallymlary hem-de ülkämiziň tebigaty bilen gyzyklanýan adamlar üçin niýetlenýär.

Redaktor: prof. **Rustamow E.A.**
Rus dilindäki beýanyň
korreksiýasy: b.y.k. **Belousowa A.W.**
Türkmen diline terjime
eden: dos. **Ataýew K.A.**
Türkmençe terjimäniň
korreksiýasy: dos. **Sopyýew Ö.S., Nursahatow Y.**
Kartografiýa: **Weýisow A.S.**
Dizaýn: **Rustamow E.A., Kogan A.S., Slipçuk A.S., Kösekow M.M., Ahmetyarow R.**

Ähli hukuklar goraglydyr. Şu neşiriň hiç bir bölegi neşirýatçydan deslapdan rugsatsyz köpeldilip, maglumat beriji ulgamlarda saklanylyp ýa-da islendik bir görnüşde – elektron, mehaniki, optiki, fotografiki nusga alyş ýa-da ýazgy ediş serişdeleri arkaly ýa-da beýleki usullar bilen ulanyp bilinmez.

elldaru@mail.ru

© Rustamow E.A., 2012. golýazma, kartalar.
© UNDP/ПРООН, Türkmenistan, 2013.
PDF-2015.

TDKP №391, 2013 KBK 28.693.35-92 ýa2.
Çap etmäge rugsat edildi 02.12.13.
Ölçegi 60x90/16 A-73319.
Hasap-neşir listi 44,67.
Çap listi. 43,0.
Neşir №110.
Sany 1500.

УДК 59(038) Т90

Т 90 **Рустамов Э.А. /ред./.**
**Птицы Туркменистана: полевой иллюстрированный определитель. Ашхабад: Ылым, 2013. – 688 с.**
Цв. ил. 844 (422 рисунков и 422 картосхем), черно-белых - 11.

Книга представляет краткую научно-популярную сводку по птицам Туркменистана. Предназначена для широкого круга читателей, в первую очередь, орнитологов и других зоологов, экологов, географов-путешественников, научных сотрудников и практиков по сохранению биоразнообразия, работников заповедников, охотников, школьников, студентов, преподавателей школ и ВУЗов, и всех кто интересуется природой родного края.

Редактор: проф. **Рустамов Э.А.**
Коррекция русского
текста: к.б.н. **Белоусова А.В.**
Перевод на туркменский
язык: доц. **Атаев К.А.**
Коррекция туркменского
перевода: доц. **Сопыев О.С., Нурсахатов И.**
Картография: **Вейисов А.С.**
Дизайн: **Рустамов Э.А., Коган А.С., Слипчук А.С., Косеков М.М., Ахметяров Р.**

Все права защищены. Ни одна из частей данной публикации не может быть воспроизведена, сохранена в информационных системах или передана в любой форме или иными средствами электронного, механического, оптического, фотографического копирования или записи, или другими способами без предварительного разрешения издателя.

elldaru@mail.ru

© Рустамов Э.А., 2012, текст, карты.
© UNDP/ПРООН, Туркменистан, 2013.
PDF-2015.

ТГКП №391, 2013 КВК 28.693.35-92 ýa2.
Подписано в печать 02.12.13.
Формат 69x90/16 А-733.19.
Изд.л. 44,67
Печат.л. 43,0
Издат. № 110.
Тираж 1500.

## Sözbaşy

**Türkmenistanyň Hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň** Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe Diýarymyzyň özboluşly tebigatyny, onuň biologiki baýlyklaryny, şol sanda guşlaryny rejeli peýdalanmakda, gorap saklamakda her bir raýatyň watançylyk duýgusynda ekologiki sowatlylygyny ýokarlandyrmakda, oňa çuňňur akyl yetirmekde, eliňizdäki kitabyň ähmiýetiniň uly boljakdygy şübhesizdir.

Guşlar ýaly, şeýle özüne çekiji, guwandyryjy, täsin galdyryjy, ruhuňy göteriji, başga bir haýwan toparyny göz öňüne getirmek kyn. Olar oňurgaly haýwanlaryň arasynda has bezemenleri we ýakymly owazlylary. Görnüşleriniň dürlüligi we sany boýunça gury ýerde ýaşaýan ýokary derejeli haýwanlaryň olar bilen bäsleşip biljekleri ýok. Guşlar zeminiň ähli ýerlerinde mekan tutýarlar – gury ýerde, köllerde, ummanlarda, buzluklarda, daglarda, tokaýlyklarda, çöllüklerde, daglaryň gowaklarynda we obadyr şäherlerde. Dünýäde guşlar iň işjeň hereketli haýwanlaryň biri bolup, ālem giňişliginiň hemme ýerlerine aralaşýarlar we elmydama biz bilen ýanaşyk ýaşaýarlar.

Guşlaryň çäksiz gözelligi gadymy döwürlerden bäri adamlaryň ünsüni özüne çekip geldi. Güýzine guşlaryň köpüsiniň „ýitip gitmek“ syry adamlary gyzyklandyrdy we olaryň ýazyna uçup gelmek hadysasyna uzak wagtlap düşünmage çalyşdylar. Dünýäniň köp halklarynyň milli döredijiliginde we ruhy garaýşlarynda guşlar wajyp orny eýelediler. Guşlaryň ajaýyp durmuşyň nyşany, asmanyň we günüň, gök gürlemäniň we ýeliň,

## Вводная часть

В эпоху могущества и счастья, в осуществлении политики **Уважаемого Президента Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедова** по рациональному использованию богатств родной природы, охраны ее красот и биоразнообразия, включая птиц, повышения экологической грамотности людей, выход этой книги, несомненно, представляется важным событием.

Трудно представить какую-либо группу животных, которые вызывали такие высокие чувства интереса и восхищения, восторга и вдохновения, как птицы. Из всех позвоночных животных они наиболее красочны и сладкоголосы. По видовому разнообразию и численности им нет равных среди сухопутных высших животных. Живут они везде на нашей земле – на суше, в морях и океанах, во льдах, горах, лесах и пустынях, пещерах и городах. Птицы широко распространились по всему миру, они вездесущи, птицы всегда рядом с нами.

Уже в глубокой древности внимание людей привлекала необычайная красота птиц. Люди сталкивались и с загадочным «исчезновением» многих птиц осенью и появлением их весной и долго не могли понять эти явления. Важную роль играли птицы в фольклоре и мифологических воззрениях многих народов мира. Хорошо известно, что птицы служили символами божественной сущности, духа неба и солнца, грома и ветра, плодородия и изобилия, свободы, вдохновения и пророчества, духа самой жизни. Перья экзотических птиц

hasyllylygyň we bolçulygyň, erkinligiň, ruhybelentligiň we öňdeň görüjiligiň kuwwaty, ýaşaýşyň düýp mazmuny bolup durýandygy hemmä mälimdir. Owadan reňkli guşlaryň ýelekleri atlyabraýly adamlaryň egin-eşikleriniň, şeýle-de ýönekeý raýatlaryň kellä geýilýän sopbaçlarynyň bezegi boldy.

Mundan 150 mln. ýyl öň ýura döwründe ilkinji guşlar peýda boldular. Guşlaryň nesil başlangyjy ylymda entek belli däl. Çaklamalara salgylansaň, olar gadymky süýrenijilerden – ýura döwri başlamazyndan öňürti triýasda ýaşap geçen psewdozuhilerden (şolaryň wekillerinden biri, hemmä mälim - arheopteriks) gelip çykypdyr. Guşlar dinozawrlaryň gös-göni neslimi ýa-da psewdozuhilerden döräpmi diýen meseläni entek anyklamak gerek...

Guşlaryň köpüsi howada uçmaga uýgunlaşandyrlar. Dünýäde 9 müne golaý görnüşi (80% – tropik zolakda) bolup, olar häzirki sistematika boýunça 28 otrýada jemlenýärler: pingwinler, düýeguşlar, nandular, kazuarlar, kiwiler, tinamular, ýoglaşekilliler, tersaýakşekilliler, gaýbuşlukçylar, gotanşekilliler, leglekşekilliler, gyzyl-gazşekilliler, gazşekilliler, laçynşekilliler, towukşekilliler, durnaşekilliler, çulukşekilliler, kepderişekilliler, totuguşlar, ikatýokşekillilir, baýguşşekilliler, gündizkörşekilliler, atgarlawaçşekilliler, guş-syçanlar, trogonlar, gökgarlakşekilliler, doňuzguşşekilliler, serçeşekilliler. Türkmenistanyň faunasy 18 otrýaddan 422 görnüşden durýar.

Guşlaryň oturymly görnüşleriniň ýaşaýşy belli bir ýerler bilen bagly, olar gyşyna uzak bolmadyk göçüpgonma ýa-da birnäçe kulometrdäki ýerlere günde iýmitlenmäge uçup gidip gelýärler (mysal üçin, gargalar,

украшали одежды и, прежде всего, головные уборы людей, причем как именитых, так и простолюдинов.

Первые птицы появились на земле в юрском периоде более 150 млн. лет назад. Непосредственные предки птиц науке пока не известны. Предполагают, что они произошли от древних пресмыкающихся–псевдозухий (один из их представителей – археоптерикс – известен всем), живших с триасового периода до начала юрского. Являются ли птицы прямыми потомками динозавров или они происходят непосредственно от псевдозухий, предстоит еще выяснить.

Большинство птиц приспособлены к активному полету. В мире насчитывается около 9 тыс. видов (80% – в тропиках), объединенных в 28 современных отрядов: пингвины, страусы, нанду, казуары, киви, тинаму, гагарообразные, поганкообразные, буревестники, пеликанообразные, аистообразные, фламингообразные, гусеобразные, соколообразные, курообразные, журавлеобразные, ржанкообразные, голубеобразные, попугаи, кукушкообразные, совообразные, козодоеобразные, стрижеобразные, птицы-мыши, трогоны, ракшеобразные, дятлообразные, воробьинообразные. В фауне Туркменистана – 422 вида из 18 отрядов.

У оседлых видов птиц жизнь протекает на постоянных участках, зимой они совершают недальние перекочевки или суточные перелеты на несколько километров к местам кормежки (например, врановые, скворцы, синицы). А перелетные птицы совершают регулярные миграции. Протяженность



sarlar, jikjikiler). Uçup geçýän guşlar yzygiderli migrasiýa geçirýärler. Uçup geçýän ýolunyň uzynlygy käte onlarça müň kilometre ýetýär. Taýmyrda höwürtgeleýän we Antarktidanyň kenarýakasynda gyşlaýan polýar çeriginiň migrasiýa ýoly iň uzyny – 24 müň km. Göçüp-gonýan guşlar iýmit gözleginde agyp-dönüp, ýüzlerçe kilometr ýoly geçmekleri hem mümkin, emma şonda olar kesgitli uçup geçmek möhleti, uçýan ugry we düşlejek ýeriniň tertibi saklanmaýar (mysal üçin, melemtil girrikler, çetçetiler, ala sarlar we başg.). Guşlaryň migrasiýasynyň köplenç halatda möwsümleýin geçmegi, olaryň iýmite baý we ýyrtyjylaryň az bolan ýerlerinde saklanyp, tomus döwründe höwürtgeleýändikleri we gyşyna - klimatyň we iýmit şertleriniň has amatly bolan zolaklaryna uçup gidýändikleri bilen baglanyşykly. Adatça, ýazyna uly guşlar, geçen tomusda jüýjelän ýerlerine gaýdyp gelýärler, güýzüne bolsa, geçen ýyl gyşlan ýerlerine uçup barýarlar.

Tebigatda we adamyň ýaşaýşynda guşlaryň ähmiýeti köpdürli: ösümlikleriň güllerini tozanlandyrýarlar we olaryň tohumlaryny ýaýradýarlar, mör-möjekleriň we gemrijileriň sanyny kadalaşdyrýarlar, görnüşleriň käbirleri, käte miweli baglara, däneli ekinlere «tötänleýin» zyýankeş we ýokanç keselleri geçiriji görnüşe geçýärler. Görnüşleriň birtopary eldekileşdirildi we adam tarapyndan çig mal, iýmit we höwes çeşmesi hökmünde peýdalanylýar. Şolardan köpüsi aw guşlarydyr, laçynlar we beýleki ýyrtyjy guşlar bolsa, adama ussatlyk bilen aw awlamakda hyzmat edýärler. Guşlaryň biz üçin çeperçilik we medeni ähmiýeti hem uludyr.

маршрутов иногда составляет десятки тысяч километров. Так, самая длинная миграционная трасса полярной крачки, гнездящейся на Таймыре и зимующей у побережий Антарктиды, составляет почти 24 тыс. км. Кочующие птицы, перемещаясь в поисках кормов, могут преодолевать сотни километров, при этом они не придерживаются постоянных сроков, маршрутов и мест пребывания (например, буланые вьюрки, чечетки, розовые скворцы и др.). В большинстве случаев миграции являются сезонными и связаны с тем, что в летний период птицы размножаются там, где больше корма и меньше хищников, а на зиму улетают в зоны с более благоприятными климатическими и кормовыми условиями. Взрослые птицы весной обычно возвращаются в места, где выводили птенцов прошлым летом, а осенью прилетают туда, где зимовали в прошлом году.

Значение птиц в природе и жизни людей многообразно: опыление растений и распространение их семян, регуляция численности насекомых и грызунов, некоторые виды местами оказываются «неумышленными» вредителями садов и посевов зерновых и переносчиками инфекций. Ряд видов одомашнены и используются человеком как источник сырья, пищи, как хобби. Многие из них являются объектами охоты, а сокола и другие хищные птицы служат человеку в качестве виртуозных охотников на дичь. Велика для нас эстетическая и культурная роль птиц.

Как и другие компоненты биоразнообразия, птицы подвергаются большому антропогенному прессу,

Guşlar biologiki dürlüligiň beýleki agzalary ýaly, uly antropogen basyşa sezewar bolýarlar, olaryň ýaşaýan ýerleriniň üýtgemegi bolup geçýär, baş sany azalýar. Şol ýa-da beýleki meýdan giňişlikleriň özleşdirilişine has çökder çemeleşilmegi, diňe bir guşlaryň sanynyň azalmagyna getirmän, eýsem olaryň populýasiýalarynyň, hat-da görnüşleriň ýok bolup gitmegine hem getirýär. Ýer ýüzünden soňky 400 ýylyň dowamynda guşlaryň 100-den gowrak görnüşi ýitip ýok bolup gitdi, şolardan 30-dan gowrak görnüş soňky asyrda ölüp-ýitip gitdi. Guşlaryň görnüşleriniň ölüp-ýitip gitmeginiň esasy sebäpleriniň biri adamlaryň işjeň täsirinde, onda-da köplenç tebigy lanşaftlaryň özgermegine täsiri tutuş zemin örtüginiň keşbiniň üýtgemegi bolup geçýär.

Şonuň üçin, häzirki döwürde dünýäde biologik dürlüligi, şol sanda guşlary, gorap saklamaklyga gönükdirilen tebigaty goramak boýunça edaralaryň dürli maksatnamalary uly ähmiýete eýe bolýar. Örän köp ýurtlarda ýabany guşlary gorap saklamaga ylmy, bilimi we syýahatçylyk ulgamyny birleşdirýän aýgytly hereketler güýje geldi. Türkmenistanda Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň we Dünýä ekologik gaznasynyň (BMG ÖM/DEG) „Hazar deňziniň kenarýakasyndaky Hazar goraghanasynyň dünýä ähmiýetli biologiki dürlüligini aýap saklamak we durnukly peýdalanmak» taslamasy durmuşa geçirilýär (2006-2010 ý.), onuň goldawynda bu kitaby çap etmek mümkin boldy.

происходит трансформация местообитаний птиц, сокращается их численность. Порой агрессивное хозяйственное освоение той или иной территории приводит не только к уменьшению числа птиц, но и к вымиранию их популяций и даже видов. За последние 400 лет на земле исчезло свыше 100 видов птиц, из которых более 30 видов вымерли за последний век. Одной из основных причин вымирания видов является деятельность людей по изменению и зачастую нарушению природных ландшафтов, всего лика земли.

В связи с этим все большее значение в современном мире приобретают программы различных природоохранных организаций, направленные на сохранение биологического разнообразия, в том числе и птиц. В очень многих странах охрана диких птиц оформилась в мощное движение, объединяющее науку, просвещение и индустрию туризма. В Туркменистане осуществлялся (2006-2010 гг.) Проект ПРООН/ГЭФ «Сохранение и устойчивое использование биологического разнообразия мирового значения в Хазарском заповеднике на побережье Каспийского моря», благодаря которому появление данного издания стало возможным.

## Для чего и для кого предназначена эта книга

Познанию орнитологической фауны Туркменистана в исторический период насчитывается более 200 лет. Если на первых этапах изучения птиц приоритет отдавался сбору орнитологических коллекций, то в последнее время про-



## Bu kitap näme üçin we kimler üçin niýetlenýär

Türkmenistanyň ornitofaunasyny öwrenmegiň taryhy döwri 200 ýyldan gowrak wagt hasaplanýar. Eger-de ilkinji tapgyrlarda guşlary öwrenmekde esasy üns guşlaryň kolleksiýalaryny ýygnamaga gönükdirilen bolsa, indi, onuň ugry soňky döwürde tebigatda guşlara gözegçilik geçirmek we surata düşürmek tarapa gönükdirildi. Meýdan şertinde guşlary kesgitlemek üçin gerekli edebiýat çeşmeleriniň ýurdumyzda ýetmezçilik edýändigi köpden bäri belli. Mundan 75 ýyl ozal Türkmenistanyň guşlary boýunça ýeke-täk kesgitleýji düzüldi (Şestoperow, 1937), ol hem tutulan guşy «eliňde saklap» öwrenmek tertibinde berilýär. Geçen asyr-da gysga we doly möçberli guşlary kesgitleýjiler düzüldi, olar diňe bir «tejribehana» däl-de, eýsem meýdan şertinde hem degişli boldy, onda Türkmenistanyň faunasynyň guşlary öňki SSSR-iň umumy araçäkleri beýan edildi (Dementýew we başg., 1948; Gladkow we başg., 1964; Filint we başg., 1968; Iwanow we Ştegman, 1978; Flint we başg., 1984; we başg.). Bulardan başga Türkmenistanda örän köp ylmy işler çap edildi, şolardan has wajyplary we doly göwrümlileri, ýokarda ady tutulan Ý.L. Şestoperowyň kesgitleýjisinden (1937) başga N.A. Zarudnynyň «Hazaraňrysy ülkäniň ornitologik faunasy» (1896), G.P. Dementýewiň «Türkmenistanyň guşlary» 1 tom (1952), A.K. Rustamowyň «Garagum çölüniň guşlary» we «Türkmenistanyň guşlary» 2 tom (1954, 1958), «Orta Aziyanyň guşlary» (2007, 1 tom, A.K. Rustamowyň we A.F. Kowşaryň redaksiýasy bilen), «Türkmenistanyň möhüm ornitologik

изошла переориентация в сторону наблюдений и фотографирования птиц в природе. Источников по определению птиц в полевых условиях у нас в стране явно не хватало. Единственный определитель по птицам Туркменистана был создан более 75 лет назад (Шестоперов, 1937), да и он предназначался для определения в «контактном режиме» с птицей. В прошлом столетии определители птиц, краткие и полные, составлялись, причем не только как «лабораторные», но и как полевые, и в них птицы Туркменистана описывались в общих границах бывшего СССР (Дементьев и др., 1948; Гладков и др., 1964; Флинт и др., 1968; Иванов и Штегман, 1978; Флинт и др., 1984; и др.). Помимо всего, птицам Туркменистана посвящено большое количество научных публикаций, наиболее важными и всеобъемлющими из которых, кроме упомянутого определителя Е.Л. Шестоперова (1937), считаются такие крупные книги, как «Орнитологическая фауна Закаспийского края» Н.А. Зарудного (1896), 1-й том «Птицы Туркменистана» Г.П. Дементьева (1952), «Птицы пустыни Каракум» и 2-й том «Птицы Туркменистана» А.К. Рустамова (1954, 1958), «Птицы Средней Азии» (2007, 1-й том, под редакцией А.К. Рустамова и А.Ф. Ковшаря), «Ключевые орнитологические территории Туркменистана» (Рустамов, Уэлш и Бромбахер, 2009).

В Туркменистане профессиональным изучением и охраной птиц занимаются, в основном, ученые Академии наук Туркменистана, государственных заповедников, а также иностранные орнитологи и любители птиц в рамках различ-

ýerleri» (Rustamow, Uelş we Brombaher, 2009) degişlidir.

Türkmenistanda ýokary hünärmen derejesinde guşlary öwrenmek we gorap saklamak boýunca esasan, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň we Ýokary mekdepleriň alymlary, döwlet goraghanalarynyň işgärleri, daşary ýurt ornitologlary işlediler we Tebigaty goramak ministrliginiň, BMG ÖM/DEG-niň dürli tebigaty goramak maksatnamalarynyň, şeýle-de Merkezi Aziýanyň Möhüm ornitologik ýerleri – Birdlife International Maksatnamasy çäginde guşlary söýüjiler gatnaşdylar.

Kitabyň esasy maksady – guşlar dünýäsini öwrenmekden, olaryň türkmençe, latynça we rusça atlaryny, şeýle-de görnüş derejesini, häzirki zaman statusyny hem-de ýaşaýşyny anyklamaga islendik adama kömek bermekden ybarat. Bu kömek kän bir öýümizde bolan wagtymyz däl-de, tebigat bilen aragatnaşykda – gezelençde we syýahatda bolanymyzda, dynç almaga meýdana çykanymyzda, aw awlamaga we balyk tutmaga gidenimizde gerek. Dogrusy, suratlar bilen bezelen bu kesgitleýjiniň esasy düzüm böleginde, Türkmenistanyň häzirki meýdan giňişliginde gabat gelýän guşlaryň hemme görnüşleriniň diýen ýaly suratlarynyň bolmagydyr. Örän seýrek we biziň ýurdumyzda bir gezek ýa-da soňky 100-110 ýylyň dowamynda birnäçe gezek hasaba alnan görnüşleriň suratlaryny goýmak meýilleşdirilmedi, emma, *Bellikde* we kesgitleýjiniň degişli bölümlerinde, olaryň aýratynlyklary barada maglumatlar goşuldy.

Awtorlar topary Türkmenistanda DEG/UNDP-niň Hazar taslamasynyň goldawynda we IBA/ных природоохранных программ Министерства охраны природы, ПРООН/ГЭФ, а также Программы Birdlife International – Ключевые орнитологические территории Центральной Азии.

Основное назначение книги – помощь любому человеку в познании мира птиц и определении их туркменских, латинских и русских названий, иными словами – видовой принадлежности, современного статуса и образа жизни. И помощь эта зачастую нужна, когда мы находимся не столько дома, сколько при общении с природой – на прогулках и экскурсиях, пикниках, на охоте и рыбалке и т. д. Вполне понятно, что основными структурными элементами этого иллюстрированного определителя должны быть цветные рисунки с изображением всех видов птиц, встречающихся на территории нынешнего Туркменистана. Для видов, которые очень редки и были отмечены у нас в стране один или несколько раз за последние 100-110 лет, включены в соответствующих местах определителя как *Примечания* по их внешним и другим особенностям.

Выполняя работы по составлению определителя в рамках Хазарского проекта GEF/UNDP и, параллельно, Программы IBA/ Birdlife International в Туркменистане, авторский коллектив следовал стандартам **номенклатуры Birdlife International, используемой во Всемирной базе данных по биоразнообразию (WBDB),** поэтому латинские названия птиц соответствуют принятым Birdlife International (2012), равно как объем видов и таксонов внутри семейств и этих таксонов. Исклю-



Birdlife International Maksatnamasy çäginde kesgitleýjini düzmek boýunça iş ýerine ýetirilende **Birdlife Internationalyň, biologiki dürlülik (WBDB) Bütindünýä maglumat gory boýunça ulanylýan standart nomenklaturasyna eýerdi**, şol sebäpli, guşlaryň latynça atlary Birdlife Internationalyň (2012) kabul eden tertibinde görnüşleriň yzygyderliligi, maşgala içindäki taksonlar we taksonlaryň göwrümi gabat gelýär. 3 görnüş - dulanan goýunguş, ala garga we hindi serçesi üçin kadadan çykyp L.S. Stepanýan (1990) boýunça berildi. Görnüşleriň rusça atlary, umuman, L.S. Stepanýanyň (1990) we E.I. Gawrilowyň (1999) beýany ýazgylaryna, Türkmenistanyň möhüm ornitologik ýerleri (2009) ücin kabul edilen kataloga we Hazar taslamasynyň maliýe golda wynda çap edilen Türkmenistanyň awifaunasynyň sanawuna (Ataýew we başg., 2010) gabat gelýär. Guşlaryň türkmençe atlary „Türkmenistandaky haýwanlaryň atlarynyň üçdilli sözlügi“ boýunça berildi (Gurbanow we başg., 1997). 686-687-nji sahypadaky suratlar Gazagystanyň guşlarynyň meýdan kesgitleýjisinden alyndy (W.K. Rýabisew, we başg., 2014). Guşlaryň reňkli suratlary Beýik Britaniýa Zenan Patyşalygynyň guşlary goramak jemgyýetinden (PGGJ) (sur. 250 sany) Mihael Brombaheriň araçylygynda alyndy we bölekleýin Fýodor Karpow ýerine ýetirdi (sur.158 sany), käbir gara-ak we reňkli suratlar – Guşlaryň meýdan kesgitleýjisinden Flint W.Ý. & all. (1984) hem-de 88,175, 203,276,285,404,416,418,419,417,421 alyndy.

**Kesgitleýji kitapdan peýdalanmakdan öňürti, guşlaryň ornitologiýa ylmynda kabul edilen beden agzalary we ýelek örtükli ýerleri**

чение было сделано для 3-х видов – маскированная трясогузка, серая ворона и индийский воробей, приводимых по Л.С. Степаняну (1990). Но очередность расположения видов и их русские названия в целом соответствуют таковым в работах Л.С. Степаняна (1990) и Э.И. Гаврилова (1999); приняты, как и для каталога Ключевые орнитологические территории Туркменистана (2009) и списка авифауны Туркменистана, последний был опубликован также при содействии Хазарского проекта (Атаев и др., 2010). Туркменские названия птиц приводятся по Трёхязычному словарю туркменских названий животных (Курбанов и др., 1997) с некоторыми изменениями. Рисунки на стр. 686-687 заимствованы из Полевого определителя птиц Казахстана (В.К. Рябицев, и др., 2014). Цветные иллюстрации птиц, при посредничестве Михаеля Бромбахера, предоставлены Королевским обществом защиты птиц (RSPB) Великобритании (250 рисунков), а также Федором Карповым (158 рисунков). Все черно-белые и цветные рисунки 88, 175,203,276,285,404,416,418,419 и 421 заимствованы из Flint V.E. & all. (1984), рисунки 142, 190, и 422 – у Killian Mullarncy & Dan Zetterstrom (1999), 204 у Salim Ali (1964).

**Прежде чем пользоваться книгой-определителем, необходимо ознакомиться с принятыми в орнитологической науке названиями частей тела и участков оперения птицы** (см. рис. на стр. 686-687), которые при описании птиц использовались составителями, но не обязательно все и не во всех очерках. Рисунки эти специально вынесены в конец книги, что-

**bilen** (ser. sah. 686-687) tanyşmak gerek. Bu suratlardan islendik wagt, ýagny meýdan gözegçiliginden öň ýa-da soň, ýa-da gös-göni gözegçilik döwründe peýdalanyp bolar.

Guşlara gözegçilik geçirmegiň iň gowy wagty ýaz pasly, aýratyn-da ir ertir ýa-da giçlik. Şonuň üçin çaklaňja gurallary ýanyňa almaly – dürbi, guşlary kesgitleýji, ýazuw depderçesi we gara galam. Ekskursiýany topar - 3-4 adam bolup, guşlary kesgitlemäge kömek edip, kitapda ýok maglumatlary goşup aýdyp biljek tejribeli ornitologyň gatnaşmagynda geçirilse gowy. Emma, ýylyň beýleki pasyllarynda gözegçilikleri geçirmek zerur, çüňki, biziň guşlarymyzyň arasynda görnüşleriň migrasiýa edýänleri, uçup gidýän-gyşlaýanlary az däl, şonuň üçin pasyllaryň ählisinde täsin görnüşler duşup bilerler. Nätanyş guş bilen gabatlaşanyňda derrew kesgitleýji kitaby dörüp başlamakdan saklanyp, başda sabyrlylyk bilen guşy bar ünsüňi berip, mümkin boldugyça dowamly synlamaga çalyşmaly.

## Kitapdan nähili peýdalanmaly

Tekstde her bir görnüş we surat üçin oçerk – onda-da meýdan şertinde şol ýa-da beýleki guş bilen „ýakyndan tanyşmaklyga“ we ony kesgitlemeklige mümkinçilik berýän, alamatlaryna has ýakynlaşdyrylan häsiýetnamanyň gysgaça beýany berilýär. Kitapda şeýle oçerkler Türkmenistanyň ornitofaunasynyň düzümindäki görnüşleriň sany 422(bellik görnüşli ýazgylar bilen) we olar guşlaryň otrýad we maşgala sistematik toparyna gabat gelýän bölümlere toplanyldy. Öz gezeginde toparlar barada tutuşlaýyn düşünje almaga, şol toparyň her biri üçin

бы ими было удобнее пользоваться в любое время - до или после, или непосредственно во время экскурсий и наблюдений.

Наиболее интересный период наблюдений за птицами, конечно, весна, лучшее время суток – раннее утро или вечер. Минимальное оборудование – бинокль, данный определитель и блокнот. Лучше проводить экскурсии в компании из 3-4 человек и сначала в сопровождении опытного орнитолога, который поможет с определением и расскажет то, чего нет в этой книге. Неверно думать, что в остальные сезоны года, кроме весны, наблюдения бесполезны, среди наших птиц немало мигрирующих и пролетно-зимующих видов, поэтому не исключены встречи и с интересными пернатыми гостями.

## Как пользоваться книгой

Для каждого рисунка каждого вида в тексте помещен очерк – краткое описание, максимально адаптированное к таким характеристикам, которые позволяют определить и «поближе познакомиться» с той или иной птицей именно в полевых условиях. Таких очерков (и заметок в виде примечаний) в книге 422 – по числу видов в составе орнитофауны Туркменистана и сгруппированы они в разделы, соответствующие систематическим группам птиц – отряды и семейства. В свою очередь, для каждой из этих групп в краткой форме даны общие характеристики, чтобы иметь представление о всей группе в целом.

При встрече с незнакомой птицей не следует сразу же рыться в



gysgaça görnüşde häsiýetnama berilýär.

Daşky sypatyny we ululygyny öňki tanyş görnüşleriň bilen deňeşdirmeli (mysal üçin, serçeler, kepderiler, ördekler we ş.m., seret sah. 685); bedeniniň daşky gurluşynyň has wajyp alamatlaryna üns bermeli (boýnuna, çüňküne, aýaklaryna, guýrugynyň sypatyna); yelek örtüginiň reňk we nagyş utgaşygyny bellemeli (tegmillerini, „murtuny“, zolaklary, nokat bellikleri); guşuň gylyk-häsiýetini we endigik alamatyny anyklamaly (özüni saklaýyş endigi, uçuş häsiýeti, ýerde hereket ediş usullary), şonda ol gowy kömek edip biler.

Bu işi ýerine ýetirmek belli bir türgenleşikde çylşyrymly däl, ondan daşary, her bir gözegçilk we guşlar bilen „ýüzbe-ýüz“ duşuşyk bilesigelijilik duýgusyny artdyrýar. **Soňra, eger-de isleseň, kitabyň soňunda aýratyn ýerleşdirilen suratlaryň arasyndan synlaýan guşuň «portret keşbini» tapmaly. Eger-de gören guşuň sypaty suratdaky bilen gabat gelýän bolsa, onda guşuň suratynyň gapdalynda goýlan san belgisi boýunça, tekstde şol san belgidäki görnüşiň ýazgy beýänyny tapmaly. Guşlaryň oçerkleriniň beýany ähli görnüşler üçin bir tertip boýunça berilýär.** Olaryň her biri boýunça guşlaryň üçdildäki atlary berilýär, şol sanda:

Meýdan alamatlary: has oňat tanalýan beýleki guşa meňzeşdigi(ser. kitabyň yzky daşky jiltiniň öňündäki sah.). Gözegçiniň, ilkinji nobatda, meýdan alamatlaryna üns bermeginiň gerekdigini nazara alyp, tekstde gara harplar bilen has wajyp we diňe şol görnüş üçin häsiýetli bolan alamatlar gara

книге, она поможет, если сначала постараться с максимальным вниманием и подольше, насколько возможно, рассмотреть птицу, запомнить ее облик и размеры по сравнению с хорошо известными всем пернатыми (например, воробьем, голубем, уткой и т.п., см. стр. 685), зафиксировать внимание на наиболее важных чертах внешнего строения (шея, клюв, ноги, форма хвоста), бросающихся в глаза элементах окраски оперения (пятна, «усы», полосы, отметины и др.), еще лучше, если удастся высмотреть особенности поведения и повадки птицы (манера держаться, характер полета, способ передвижения по земле). При определенном навыке это сделать не сложно, мало того с каждым разом будет вызываться все возрастающее чувство «страсти» от общения с птицей с «глазу на глаз». **Затем следует найти эту птицу, если хотите, её «портретный образ» среди рисунков, помещенных отдельным блоком в конце книги. Если рисунок совпадает с тем, что было увидено, следует по номеру с названием птицы, проставленным под рисунком, отыскать в тексте по тому же номеру описание данного вида. Очерк описания птицы построен по единой схеме для всех видов.** По каждому из них приводятся трехязычное название птицы, а также:

Полевые признаки: соразмерность с какой-нибудь наиболее знакомой птицей. Полевые особенности, на которые наблюдателю следует обратить внимание в первую очередь; при этом, наиболее важные и характерные для данного вида признаки выделены в тексте

harplar bilen tapawutlandyrylyp; horazynyň we mäkiýanynyň, eger-de olaryň daşky sypatlary (jynsy dimorfizmi) aýratynlykda tapawutlanýan bolsa, onda ýazky keşbiniň, ýagny ýaşy ýeten guşlaryň jübütleşme lybasdaky reňkleriniň; uly guşlaryň güýzki-gyşky, şeýle-de ýaş guşlaryň we olaryň ululardan tapawutlandyryjy alamatlary görkezilýär. Gerekli ýerlerde, suratlarda bellik alamatlary goýulýar: horazy – ♂, mäkiýany – ♀, ýaş guş – **juv.**, ýaşy ýeten guş – **ad**. Sesiniň (gynansakda gulagyň eşidýän sesiniň harplarda berilmegi, onuň asyl sesini elmydama dürs aňlatmaýar), meýdanda özüni alyp barуş häsiýetiniň, howada uçuşynyň ýa-da beden hereketiniň aýratynlyklary hem-de şol guşuň edebiýatda bar bolan ölçegleriniň we agramynyň gysgaça beýany berilýär.

Meňzeşlikleri – tapawutlary: guşlaryň, ilkinji nobatda, olaryň ýakyn kowumdaşyndan ýa-da beýleki görnüşlerden (kowumdaş dällerinden) tapawutlandyryjy alamatlary we olar bilen bar bolan meňzeşligi görkezilen beýan, görnüşi kesgitlemekde, aýratyn-da täze başlanlaryň, ýalňyşmak mümkinçiligini minimuma çenli azaltmaga kömek berer.

Ýaýran ýerleri: görnüşiň arealynda höwürtgeleýän bölegi, onuň Orta Aziýada we Türkmenistanda, gyşlaýan oblastlarynda ýaýran ýerleri. Kitabyň soňunda, şol ýa-da beýleki görnüşiň ýaýran ýerleriniň suratly karta-shemasy berilýär. Şonda karta-shemalarda umumy reňklerde görnüşiň ýaýran oblastlary, inçe çyzyklarda – şertli görnüşiň ýaýran ýerleriniň tutuşlaýyndygy ýa-da üzňelikde ýerleşendigi görkezilýär (ser. 555 sah. surat). **Kartashemanyň san belgisi gös-göni görnüşiň suratdaky san belgisine gabat gelýär.**

жирным шрифтом. Краткое описание окраски самцов и самок, если их внешность отличается (половой диморфизм), в отдельности черты весеннего, т.е. брачного наряда взрослых птиц. Осенне-зимний наряд взрослых, а также молодых птиц, и их отличие от взрослых. Где было необходимо, на рисунках проставлены обозначения: ♂-самец, ♀-самка, **juv.**-молодая птица, **ad.**-взрослая. Голос (к сожалению, буквенная передача голосов не всегда совпадает с тем, что может услышать ухо человека), поведение, особенности полета или телодвижений. Наконец, размеры по тем признакам, по которым были найдены данные в литературе, и вес.

Сходства – отличия: отличительные особенности птицы, в первую очередь от близких, или других (даже не родственных) видов, с которыми есть сходство, поможет снизить до минимума неизбежность ошибок при определении птицы, особенно у начинающих наблюдателей.

Распространение: гнездовая часть ареала вида, распространение его в Средней Азии и Туркменистане, область зимовок. В блоке – там же где и рисунки птиц, на соответствующих карто-схемах иллюстрируется распространение той или иной птицы. Цветной фон на карто-схемах обозначает (см. рис. на стр. 555) области распространения, а штриховкой условно показано сплошное или прерывистое распределение вида. **Номер карто-схемы непременно совпадает с номером рисунка соответствующего вида птиц.**

Образ жизни: в условиях Туркменистана описан в самых общих чертах и раскрывает характер пребывания видов в стране (оседлые,



Ýaşaýşy: Türkmenistanyň şerti üçin umumy häsiýetde beýany edildi we görnüşleriň ýurdumyza geliş häsiýetnamasy (oturymly ýa-da oturymly-göçýän, uçup geçýän-höwürtgeleýän, uçup geçýän, uçup geçýän-gyşlaýan we tötänden uçup gelýän), görnüşleriň migrasiýa geçirýänleriniň uçup geçýän möhleti (ýazyna we güýzüne), ýaşaýşy – guşlar üçin iň häsiýetli, görnüşleriň Türkmenistanda höwürtgeleýän döwrüniň wajyp bolan esasy ýaşaýyş elementleri (höwürtge, ýumurtga we jüýje) we iýmitleniş häsiýeti berilýär.

Statusy: görnüşiň Türkmenistandaky ylmy, medeni-durmuş ähmiýeti, onuň öwrenilişi, gorag işleriniň ýagdaýy we sany berilýär. Şol ýagdaýda ekskursiýa döwründe onlarça we ýüzlerçe sanda duşanlary «köpsanly», käte müňläp duşanlary – «has köpsanly», olaryň sany boýunça bir näçe gezek hasaba alnanlary ýa-da hemme ýerde duşýanlary – «adaty», gözegçilikde bir ýa-da aýda birnäçe gezek duşanlary - «seýrek» we ýylda bir-iki ýa-da ondan hem seýrek duş gelenleri «örän seýrek» görnüşler diýip kabul edildi.

## Guşlar üçin möhüm ähmiýetli ýerler

Guşlary goramak Halkara birleşiginiň (Birdlife International) we onuň bütin dünýä boýunça hyzmatdaşlarynyň köp ýyllaryň dowamynda alyp barýan IBA boýunça (Important Bird Areas) - rus dilinde Möhüm ornitologik ýerleri halkara maksatnamasy. IBA – bu guşlaryň, aýratyn-da seýrek duşýan we ýitip ýok bolmak howpy abanýan görnüşleriň ýaşaýşy üçin has wajyp bolan ýerleridir. Bu ýerler diňe bir guşlar üçin däl-de, eýsem tutuş tebi-

или оседло-кочующие, пролетно-гнездящиеся, пролетные, пролетно-зимующие и залетные), сроки пролета для мигрирующих видов (весенние и осенние), места обитания – наиболее типичные для птиц, главные жизненные элементы гнездового периода (гнезда, яйца, птенцы) только для гнездящихся в Туркменистане видов и питание.

Статус: научная и культурно-эстетическая значимость вида в Туркменистане, его изученность, состояние охраны и относительная численность. При этом, под «многочисленными» следует понимать виды, которые за время экскурсии встречались десятки и сотни раз, а порой и тысячи, т.е. «очень многочисленные». «Обычными» видами считаются те, которые встречались несколько раз за экскурсию или повседневно. «Редкие» по численности могут попадаться один или несколько раз за месяц – два, наконец «очень редкие» – один или два раза в несколько лет, а то и реже.

## Ключевые орнитологические территории

Ключевые орнитологические территории – русскоязычное название международной программы по IBA (Important Bird Areas), проводимой в течение многих лет Международным союзом охраны птиц (Birdlife International) и его партнерами по всему миру. IBA – это участки наиболее важные для обитания птиц, особенно редких и находящихся под угрозой исчезновения видов. При этом они играют огромную роль не только для птиц, но и для охраны природы в целом.

В 2005-2010 гг. в Туркениста-

gaty goramakda uly ähmiýetlidir.

Türkmenistanda 2005-2010-njy ýyllarda Guşlary goramak Halkara birleşiginiň goldawynda Guşlary goramak boýunça Zenan Patyşalygyň jemgyýeti (RSPB, Beýik Britaniýa) we Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrliginiň arasyndaky ylalaşygyň çäklerinde, Birdlife Internationalyň hyzmatdaşy hökmünde, Merkezi Aziýanyň Möhüm ornitologik ýerleri (Program IBA/CA) Maksatnamasy ýerine ýetirildi. Bu ylalaşygyň esasy düzgünleri şulardan ybarat: 1. Tebigaty goramak we aýratyn goralýan tebigy ýerler (AGTÝ) boýunça milli syýasaty (strategiýany) ösdürmek üçin nazaryýet binýadyny çuňlaşdyrmak. 2. IBA-nyň kriteriýasyna laýyklykda AGTÝ «pasportlaşdyrmak» we guşlaryň ýaşaýşy üçin wajyp, emma antropogen basyş astyndaky ýa-da goraga alynmadyk beýleki ýerleri aýdyňlaşdyrmak. 3. Hünärmen-ornitologlaryň, aýratyn-da guşlary söýüjileriň, ýaşlaryň, guşlary we janly tebigatyň beýleki agzalaryny wagyz etmek bilen meşgullanýanlaryň ornitologik barlag işlerini goldamak. 4. Halkara konwensiýalaryň düzgünnamalaryny, şol sanda Biodürlülik baradaky, Suw-batgalyk ýerleri baradaky (Ramsar), Ýabany haýwanlaryň göçýän görnüşlerini goramak baradaky (Bonn), Çölleşmäge garşy göreşmek baradaky Konwensiýalary we başgalary ýerine ýetirmeklige goldaw bermek. 5. Göçýän guşlaryň, olaryň uçup geçýän ýoly we gyşlaýan ýerleri boýunça sebitara ylalaşyklary amala aşyrmakda geçirilýän işlere goldaw bermek.

TTBGHB-niň (rusça MSOP) Gyzyl sanawynyň (2013) derejelerine laýyklykda Turkmenistanyň awifaunasyna degişli görnüşler: düýbünden ýitip barýanlary (CR) – ak durna, toklutaý, gara depeli tekejyllyk we inçe çüňkli ýylkyçy; ýitip barýanlary (EN) – buýraly gotan, gyzyl petekeli gaz, maslykçy, uly garaguşjyk, çyparbaş laçyn (şahyn), dag hindi towugy we turaç; ýitmek howpynyň abanmagyna ýakynlary (VU) – gyzgylt gotan, gara leglek, kiçi sakar gaz, ekinçi ördek, gara ördek, gorçy, balykçy bürgüt, uzynguýruk suw bürgüdi, sakgally garaguş, mazar garaguşy, gyrgy pisint garaguş, sähra göwenegi, ütelgi, gök bähri, togdary, goňur kepderi we çöl serçesi; yitmek howpyna ýakynlary (NT) – gajar, sähra gulatysy, bezbeltek, garlawaç pisint sähra çulugy we gökgarga.

IBA maksatnamanyň ýerine ýetirilmeginiň netijeleriniň biri, “Türkmenistanyň möhüm ornitologik ýerleri” atly reňkli maglumat kitapçasynyň (2009) türkmen, rus we iňlis dillerinde çap edilmegi boldy. Bu maglumat kitapçasy we hormatly okyýjylar siziň eliňizdäki Türkmenistanyň guşlarynyň kesgitleýjisi bilen bilelikde ýurdumyzyň guşlaryny öwrenmek we gorap saklamak işinde bahasyna ýetip bolmajak goldaw bolar. Türkmenistanda, jemi 50 sany möhüm ornitologik ýerleri saýlanyp alyndy we beýan edildi. Olaryň umumy meýdany 3468124 ga ýa-da ýurdumyzyň 7% düzýär. Bu ýerleriň gorap saklanylmagy we dolandyrylmagy döwletiň uzak möhletleýin ileri tutlýan wezipeleriniň biri bolmalydyr, bu meseläniň çözülmegi guşlaryň köp görnüşleriniň we populyasiýalarynyň milli we halkara möçberinde aýap saklanmagyna, şeýle-de biodürlüligiň beýleki düzüm bölekleriniň ekosistema, takson we genetiki derejelerinde gorap saklan-

не под эгидой Birdlife International выполнялась Программа Ключевые орнитологические территории Центральной Азии (Program IBA/CA) в рамках соглашения между Королевским обществом защиты птиц (RSPB, Великобритания), как партнера Birdlife International, и Министерством охраны природы Туркменистана. Основными положениями этого соглашения являются: 1. Углубление теоретической базы для развития национальной стратегии по охране природы и особо охраняемых природных территорий (ООПТ). 2. «Паспортизация» ООПТ соответственно критериям IBA и выделение других территорий, жизненно важных для птиц, но находящихся под большим антропогенным прессом или не охраняемых. 3. Поддержка орнитологических исследований профессиональных орнитологов и, особенно, любителей птиц, молодежи, занимающихся пропагандой охраны птиц и других объектов живой природы. 4. Поддержка выполнения положений международных конвенций, в том числе, Конвенции о биоразнообразии, Рамсарской – о водно-болотных угодьях, Конвенции по сохранению мигрирующих видов диких животных (Боннской), Конвенции по борьбе с опустыниванием и др. 5. Поддержка деятельности по выполнению региональных соглашений по мигрирующим птицам и их охране на путях пролета и зимовок.

В составе авифауны Туркменистана, согласно категориям Красного списка МСОП (2013), видами, находящими на грани исчезновения (CR), считаются – стерх, дрофа, кречетка и тонкоклювый кроншнеп; исчезающими (EN) – кудрявый пеликан, краснозобая казарка, стервятник, большой подорлик, шахин, каспийский улар и турач; уязвимыми с очень низкой численностью (VU) – розовый пеликан, черный аист, пискулька, мраморный чирок, белоглазая чернеть, савка, скопа, орлан-долгохвост, бородач, могильник, ястребиный орел, степная пустельга, балобан, сапсан, дрофа-красотка, бурый голубь и пустынный воробей; близкими к уязвимым (NT) – черный гриф, степной лунь, стрепет, степная тиркушка и сизоворонка (касается только европейского подвида). Одним из итогов выполнения Программы IBA явилось издание красочного информационного справочника по Ключевым орнитологическим территориям Туркменистана (2009) на туркменском, русском и английском языках. Этот справочник вместе с Определителем птиц, который вы, уважаемый читатель, держите в руках, станет незаменимым подспорьем в деле изучения и охраны птиц Туркменистана. В стране всего выделено и описано 50 Ключевых орнитологических территорий. Их площадь в общей сложности составляет 3468124 га, или 7% Туркменистана. Охрана и управление сетью этих территорий должна являться приоритетной долгосрочной задачей государства, решение которой внесет вклад в сохранение многих видов птиц и их популяций в национальном и международном масштабах, а также сохранение других компонентов биоразнообразия на экосистемном, таксономическом и генетическом уровнях. Например, для Бадхызского заповедника, как территории IBA, уже разработаны План управления этой территорией и План мониторинга, специалистами-орнитологами подготовлено номинационное досье для включе-

magyna goşandy bolar. Mysal üçin, IBA-nyň meýdany hökmünde Bathyz goraghanasy üçin, eýýäm bu ýerini dolandyrmagyň Meýilnamasy we hünärmen-ornitologlaryň, gözegçilik (monitoring) Meýilnamasy işlenip düzüldi, ÝuNESKO-niň Bütindünýä tebigy mirasyna goşmak üçin talaplar boýunça (nominanasia) maglumatlar taýýarlandy we başgalar.

Türkmenistan Garaşsyz we özbaşdak döwlet hökmünde IBA-nyň ýerleriniň we olaryň biodürlüligini gorap saklamak üçin wajyp tebigy gymmatyna oňat düşünýär.

## Kitabyň üstinde kim we nähili işledi

BMG ÖM/DEG-niň «Hazar deňziniň kenarýakasyndaky Hazar goraghanasynyň dünýä ähmiýetli biologik dürlüligini aýap saklamak we durnukly peýdalanmak» Taslamasynyň ýolbaşçysy, uly tehniki maslahatçysy – O.T. Güýçgeldiýew (Hazar taslamasy) we Türkmenistandaky «Merkezi Aziýanyň Möhüm ornitologik ýerleri» Maksatnamanyň utgaşdyryjysy – E.A. Rustamow IBA/CA/BPGJ Maksatnamasy) kesgitleýjini döretmek pikirini teklip etdiler. Hazar taslamasynyň görkezilen çäginde, BMG ÖM-niň goldaw bermeginde, 2007-nji ýylda birnäçe duşuşyklar, maslahat okuwlary geçirildi, işçi topary döredildi, şertnama esasynda borçlar bölünişildi, meýilnamasy we olaryň ýerine ýetiriliş tertibi kesgitlenildi: iş toparynyň işine we mümkinçiliklerine umumy ýolbaşçy uly tehniki maslahatçysy – O.T. Güýçgeldiýew we Möhüm ornitologik ýerler Maksatnamasynyň utgaşdyryjysy E.A.Rustamow; umumy ýolbaşçy Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrligi – ministriň orunbasary J.S. Saparmyradow.

Türkmenistanyň ähli opnitologlary kesgitleýjini düzmeklige gatnaşdylar:

ния в список Всемирного природного наследия ЮНЕСКО, и т.д.

Туркменистан, как независимое и суверенное государство, осознает природную ценность территорий IBA и их важность для сохранения биоразнообразия в целом.

## Кто и как работал над книгой

Идея создания данного определителя принадлежит О.Т. Гуйчгельдыеву – руководителю, старшему техническому советнику Проекта ПРООН/ГЭФ «Сохранение и устойчивое использование биологического разнообразия мирового значения в Хазарском заповеднике на побережье Каспийского моря» (Хазарский проект) и Э.А. Рустамову – Координатору Программы «Ключевые орнитологические территории Центральной Азии» в Туркменистане (Программа IBA/CA/RSPB). При поддержке ПРООН, в рамках указанного Хазарского проекта ещё в 2007 г. был проведен ряд встреч и тренингов, на которых создана рабочая группа, распределены договорные обязательства и нагрузки, определены планы и порядок их выполнения: потенциал и общее руководство работой – старший технический советник Хазарского проекта О.Т. Гуйчгельдыев; организация тренингов и совещаний – координатор Программы Ключевые орнитологические территории – Э.А. Рустамов; куратор от Министерства охраны природы Туркменистана – заместитель министра Д.С. Сапармурадов.

В составлении определителя принимали участие почти все орнитологи Туркменистана:

1. Кандидат биологических наук, заведующий Лабораторией позвоночных животных Национального института пустынь, растительного и животного мира Туркменистана, доцент – **К.А. Атаев** (семейства жаворонковые, крапивниковые, славковые, корольковые, суторовые, длиннохвостые синицы, синицевые, поползневые, пищуховые (12.9% текста).

2. Доктор биологических наук, Член-корреспондент АН Туркменистана, профессор Туркменского государственного университета имени Магтымгулы – **М.Б. Аманова** (семейства сорокопутовые, скворцовые, врановые, воробьиные, вьюрковые, овсянковые (7.5%).

3. Кандидат биологических наук, экс-доцент Туркменского государственного педагогического института имени Сеиди – **Э.Ч. Аннаева** (отряды ракшеобразные, семейства ласточковые, трясогузковые, иволговые (2.5%).

4. Кандидат биологических наук, экс-руководитель Клуба любителей птиц г. Туркменбаши – **М.Е. Гаузер** (отряд гусеобразные, семейства чайковые и крачковые (11.5%);

5. Орнитолог Хазарского государственного заповедника **С.И. Закарьяева** (семейство лебединые (0.9%).

6. Доктор биологических наук, академик РАЕН, профессор **Э.А. Рустамов** (структура и принципы построения определителя, руководство рабочей группой, проведение тренингов, сбор, предварительная и окончательная редакция видовых очерков, составление карт распространения и списков видов, дизайн, вводная часть, отряды поганкообразные, аистообразные, совообразные, стрижеобразные, ракшеобразные, семейства ласточковые, трясогузковые, сорокопутовые, скворцовые, иволговые, врановые, оляпковые, воробьиные, вьюрковые и овсянковые (18.4%).

7. Кандидат биологических наук, Заместитель министра охраны природы Туркменистана – **Д.С. Сапармурадов** (отряды соколообразные и журавлеобразные (12.7%).



1. **K.A. Ataýew** - Türkmenistanyň Çöller, ösümlik we haýwanat dünýäsi milli institutynyň Oňurgaly haýwanlar laboratoriýasynyň müdiri, biologiýa ylymlarynyň kandidaty, dosent (torgaýlar, çitçitiler, çürlentgiler, hurmaýjyklar, gögümtil jikjikiler, uzynguýruk jikjikiler, jikjikiler, daşdeşenler, jüýgüldewükler maşgalalary (tekstiň 12.9%).

2. **M.B. Amanowa** – Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň professory, TYA-nyň habarçy agzasy, biologiýa ylymlarynyň doktory (toganlar, sarlar, gargalar, serçeler, girrikler, süleçiler maşgalalary (7.5%).

3. **E.Ç. Annaýewa** – Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň öňki dosenti, biologiýa ylymlarynyň kandidaty (gökgarlakşekilliler otrýady, garlawaçlar, goýunguşlar, sarkyldaklar magalalary (2.5%).

4. **M.Ý. Gauzer** – Türkmenbaşy şäheriniň guşlary söýüjiler Klubynyň öňki ýolbaşçysy, biologiýa ylymlarynyň kandidaty (gazşekilliler otrýady, çarlaklar we çerikler maşgalalary (11.5%).

5. **S.I. Zakarýaýewa** - Hazar döwlet goraghanasynyň ornitology (guwlar maşgalasy (0.9%).

6. **E.A. Rustamow** – bilolgiýa ylymlarynyň doktory, RAEN-niň akademigi, professor (kesgitleýjiniň düzümi, gurluş tertibi, çeperçilik taslamasy, awtorlar toparyna ýolbaşçylyk, türgenleşik okuwy we maslahaty geçirmek, görnüşleriň oçerkleriniň ýazylyşyny tükellemek we gutarnykly redaktirlemek, görnüşleriň yaýraýşynyň kartasyny düzmek, giriş bölümi we tersaýaklar, atgarlawaçlar, gökgarlakşekilliler, leglekşekilliler we baýguşşekilliler otrýady, garlawaçlar, goýunguşlar, sarkydaklar, toganlar, sarlar, gargalar, olýapkalar, serçeler, girrikler, süleçiler, maşgalalary (18.4%).

7. **J.S. Saparmyradow** – Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministriniň otunbasary, biologiýa ylymlarynyň kandidaty (laçynşekilliler, towukşekilliler, durnalar otrýadlary (12.7%).

8. **Ö.S. Sopyew** – S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk unwersitetiniň dosenty, biologiýa ylymlarynyň kandidaty (kepderişekilliler, ikatýokşekilliler, doňuzguşşekilliler otrýadlary; ardyçlar, owazçylar, siňekçiler, jokjokylar, jikgildewükler maşgalalary (18.3%).

9. **A.A. Şerbina** – Hazar taslamasynyň ekspert-ornitology (ýoglaşekilliler, gotanşekilliler, gyzylgazlar otrýadlary we çuluklar maşgalasy, çarlaklardan we çeriklerden galanlary (13.3%).

10. **A.E. Eminow** – biologiýa ylymlarynyň kandidaty (leglekşekilliler we baýguşşekilliler otrýadlary (2.0%).

Tanymal suratçy W.A.Wataginiń (1884-1969) çeken çürçüriniń suraty kitabyń daşyny bezeýär. Ol guş Garagumuń hem-de Aşgabatda geçen (1969 ý.) halkara ornitologiki maslahatyń "nyşany"çürçüri maslahaty gurnaýjy we türkmen ornitologlarynyń mekdebini esaslandyryjy hem-de kesgitleýjiniń döremegini arzuwlan **akademik Anwer Keýuşewiç Rustamowyń (1917-2005)** iń söýgüli guşudy. **Awtorlar bu kitaby onuń ýagty ýadygärligine bagşlaýarlar.**

Hazar taslamasynyň iş dolandyryjysy D.Ş. Hojamyradowa, şol taslamanyň ýerli ilat bilen düşünişmek boýunça hünärmeni – S.E. Eýeberenow we BMG ÖM Türkmenistandaky Wekilhanasynyň daşky gurşawy goramak we energetika boýunça taslamalaryň maksatnamalaşdyryjy ýolbaşçysy – R.A. Nurmuhammedow we M.R. Hudaýgulyýew.

Agzalan administratorlaryň we olaryň kömekçileriniň hemmesine, şeýle-de işiň üstünlikli tamamlanmagyna işjeň goşandyny goşanlaryň ählisine biz öz minnetdalygymyzy bildirýäris.

8. Кандидат биологических наук, доцент Туркменского сельскохозяйственного университета им. С.А. Ниязова – **О.С. Сопьев** (отряды курообразные, голубеобразные, кукушкообразные, козодоеобразные и дятлообразные, семейства свиристелевые, завирушковые, мухоловковые, дроздовые и тимелиевые (18.3%).

9. Эксперт-орнитолог Хазарского проекта – **А.А. Щербина** (отряды гагарообразные, пеликанообразные, фламингообразные и ржанкообразные, кроме чайковых и крачковых (13.3%), а также данные по залетам ряда видов.

10. Кандидат биологических наук – **А.Э. Эминов** (отряды аистообразные и совообразные (2.0%).

Обложку определителя украшает рисунок известного художника-анималиста В.А. Ватагина (1884-1969) с изображением саксаульных соек. Эта сойка – орнитологический «символ» Каракумов и Ашхабадской орнитологической конференции (1969 г.). Птицу эту считал своей самой любимой организатор той конференции и основатель школы туркменских орнитологов – **академик Анвер Кеюшевич Рустамов (1917-2005). Его светлой памяти посвящают эту книгу авторы.**

Издание определителя не было бы возможным без поддержки и желания завершить работу со стороны администратора Хазарского проекта – Д.Ш. Ходжамурадовой и специалиста по связям с общественностью того же Проекта – С.Д. Эйберенова, а также представителей ПРООН в Туркменистане – Р.А. Нурмухамедова и М.Р. Худайкулыева.

Всем авторам, администраторам, помощникам и всем неупомянутым, но своими действиями способствующим успешному завершению работы, выражается искренняя признательность.



# Guşlaryň sistematiki toparlarynyň we görnüşleriniň beýany
# Описания систематических групп и видов птиц

## ÝOGLAŞEKILLILER – *GAVIIFORMES* – ГАГАРООБРАЗНЫЕ

Uly ölçegli, ýöne gazdan maýda ýüzýän guşlar otrýady. Bedeni süýnmek, suwda ýüzmäge we çümmäge oňat uýgunlaşan. Ganatlary göwresine berk gysylan. Çüňki orta uzynlykda, bizşekilli görnüşde. Boýny uzyn, guýrugy gysga, aýaklary yza tarap süýşen. Barmaklarynyň öňki üçüsi umumy ýüzgüç perdesine birleşen, birinji barmagy ýok diýen ýaly. Ýelek örtügi gaty, dykyz, kellesindäki ýelekleri mahmal ýaly ýylmanak. Gury ýerde kynlyk bilen ädimleýär we diňe höwürtgeleýän döwri ýerde gezýär. Agyrlyk bilen howa, köplenç ýeliň garşysyna göterilýär. Göwresini aşak egip we aýaklaryny sallap äwmän uçýar. Horazy we mäkiýany meňzeş reňkli, emma pasyllaýyn we ýaş tapawutlary bolýar. Dünýäde – 5, Türkmenistanda – ýoglalar maşgalasyndan *(Gavidae)* 2 görnüş.

Отряд водоплавающих птиц крупного размера, но мельче гуся. Тело обтекаемой формы, хорошо приспособлены к плаванию и нырянию. Крылья плотно прижаты к туловищу. Клюв средней длины, шиловидной формы. Шея длинная, хвост короткий, ноги сильно отставлены назад. Три передних пальца соединены общей плавательной перепонкой, первый палец почти редуцирован. Оперение жесткое, плотное, на голове слегка бархатистое. С трудом передвигаются по суше и связаны с ней только в гнездовой период. Взлетают тяжело, преимущественно против ветра. Полет тяжелый с наклонным положением туловища и свисающими ногами. Самцы и самки окрашены сходно, но имеются сезонные и возрастные отличия. В мире 5 видов, в Туркменистане – 2 из семейства гагаровые *(Gaviidae)*.

### 1. Gyzyl petekeli ýogla – *Gavia stellata* – Краснозобая гагара

Meýdan alamatlary: kiçiräk öý gazynyň ölçeginde. **Çüňki ýokarlygyna sähelçe gaýşak.** Ýazyna kellesi we boýnunyň gapdallary çal, boýnunyň yz tarapy ýagty zolakly. Bokurdagy goňras tegmilli. Arkasy maýdaja ak menekli çalymtylgoňur reňkli, garny ak. Kellesinde we boýnunda bezeg beriji ýelekleri ýok. Aýaklary garamtyl. **Uly guşlaryň jübütleşmeýän wagty** we ýaş guşlaryň ýelek örtüginiň reňki tu-

Полевые признаки: размером с небольшого домашнего гуся. **Клюв слегка вздернут кверху**. Весной голова и бока шеи серые, на задней стороне шеи светлые полоски. На горле – пятно каштанового цвета. Окраска спины серовато-бурая с мелкими белыми крапинами, брюхо белое. Украшающих перьев в области головы и шеи нет. Ноги темные. **У взрослых вне брачного периода** и у молодых птиц опере-

tuk, anyk belliksiz we goňras tegmilsiz. Sesi ýiti, iňňildili gykylyk; uçanda we howa göterilende gagyldyly sesli – "ga-ga-gagara". Uzynlygy – 68, ganaty – 31, ganatlarynyň gerimi – 124, çüňki – 6, guýrugy – 8.3 sm, agramy – 2,6 kg.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: **çüňküniň ýokarlygyna gaýşakdygy**, ýazyna bolsa, bokurdagynyň goňras tegmillidigi bilen gara petekeli ýogladan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän oblastlary – Ýewraziýanyň we Demirgazyk Amerikanyň taýga we tundra zolaklaryndaky köller. Günorta Ýewropanyň we Gündogar Aziýanyň, Demirgazyk Amerikanyň günorta böleginiň, şeýle-de Ortaýer, Gara we Hazar deňizleriniň kenarýakasynda gyşlaýar. Türkmenistanda gysga wagtlaýyn Hazar deňzinde, örän seýrek içki suw ýataklarynda, aýratynda adatdan daşary sowuk gyş bolanda gabat gelýär.

Ýaşaýşy: gyşlaýan guş. Oktýabryň aýagyndan maý aýy-nyň ortasyna çenli duş gelýär. Aglaba balyk, käte maýda leňňeçşekilliler, balyk-gulaklar, gurçuklar bilen iýmitlenýär.

Statusy: seýrek görnüş, aw guşy hökmünde ähmiýeti ýok.

ние менее яркое, без тонких деталей и **каштанового пятна**. Голос – пронзительные, стонущие крики; в полете и на взлете – громкое гоготание «га-га-гагара». Длина – 68, крыло – 31, размах крыльев – 124, клюв – 6, хвост – 8.3 см, вес – 2,6 кг.

Сходства – отличия: от чернозобой гагары хорошо отличается **вздернутым к верху клювом**, а весной – каштановым пятном на горле.

Распространение: гнездовая область – озера таежной и тундровой зон Евразии и Северной Америки. Зимует у побережий Западной Европы, Восточной Азии и южной половины Северной Америки, а также Средиземного, Черного и Каспийского морей. В Туркменистане эпизодически встречается на Каспии, очень редко на внутренних водоемах, особенно в необычно холодные зимы.

Образ жизни: зимующая птица. Встречается с конца октября до середины мая. Питается преимущественно рыбой, изредка мелкими ракообразными, моллюсками, червями.

Статус: редкий вид, охотничьего значения не имеет.

### 2. Gara petekeli ýogla – *Gavia arctica* – Чернозобая гагара

Meýdan alamatlary: öý gazynyň ortaça ölçeginde. **Çüňki göni.** Ýazyna kellesiniň üsti we boýny çal, petekesi we boýnunyň gapdallary dik ak zolakly. Arkasy açyk ak kese zolakly gara, garny ak. Bokurdagyndaky gara tegmil anyk bildirýär. Sesi pert – "knarrknorr", haly pes umydygäriň sesine çalymdaş – "aaah-oh". Horazlarynyň ganaty – 28.5-33.8, mäkiýanlarynyňky – 27.1-30.0 sm, horazynyň agramy – 3.3, mäkiýanynyňky – 2.03 kg.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: çüňküniň gönüdigi, bokurdagyndaky gara tegmiliň (ýazyna), boýnunyň we arkasynyň aladygy bilen ýaşy ýeten gyzyl petekeli ýogladan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän oblastlary – Demirgazyk Ýewraziýanyň arktika tundrasyndan tokaýlysähra we sähra zolagyna çenli we Demirgazyk - Günbatar Amerika. Günbatar Ýewropanyň, Gündogar Aziýanyň, Demirgazyk Amerikanyň Ýuwaş umman ýakasy, Gara deňziň, bölekleýin Hazar we Aral deňizleriniň kenarýakalarynda gyşlaýar. Türkmenistanda Hazar deňzinde, aýratyn-da güýçli sowuk gyşda gabat gelýär.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-gyşlaýan, bölekleýin uçup gezýän guş (iýulda). Güýzüne noýabryň aýagynda, gyşlaýanlary – dekabrda-fewralyň başynda uçup geçýär, yzyna gitmegi we ýazyna uçup geçmegi fewralyň soňundan maýyň ortasyna çenli dowam edýär. Esasan, balyk, käte maýda leňňeçşekilliler, balykgulaklar, gurçuklar bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sanly görnüş, awçylykda ähmiýeti ýok.

Полевые признаки: размером с домашнего гуся среднего размера. **Клюв прямой**. Весной верх головы и шеи серые, продольные белые полоски на зобе и боках шеи. Спина черная с яркими белыми поперечными полосами, брюхо белое. На горле четко выраженное черное пятно. Голос – резкое «кнаррокнорр» и похожее на чаячье – «ааахох», также кричат в ночное время. Крыло у самцов – 28.5-33.8, самок – 27.1-30 см, вес самцов – около 3.3, самок – 2.03 кг.

Сходства – отличия: от взрослой краснозобой гагары отличается **прямым клювом,** черным пятном на горле (весной) и полосатостью шеи и спины.

Распространение: гнездовая область – от арктических тундр до лесостепной и степной зоны в Северной Евразии и Северо-Западной Америке. Зимует по побережьям Западной Европы и Восточной Азии и тихоокеанскому в Северной Америке, на Черном море, частично – на Каспийском и Аральском морях. В Туркменистане встречается на Каспии, особенно в экстремально холодные зимы.

Образ жизни: пролетная, зимующая, спорадично летующая птица. Осенний пролет с конца ноября, зимующие в декабре-начале февраля, отлет и весенний пролет с конца февраля до середины мая. Питается преимущественно рыбой, изредка мелкими ракообразными, моллюсками, червями.

Статус: немногочисленный вид, охотничьего значения не имеет.

## TERSAÝAKŞEKILLILER – *PODICIPEDIFORMES* – ПОГАНКООБРАЗНЫЕ

Orta ýa-da maýda ördekleriň ölçegindäki suwda ýüzýän guşlar otrýady. Suwda pes oturýar, guýrugy görünmeýär, insiz ganatlary berk gysylan, boýny özgelere garanyňda uzyn, çüňki gysga, ýiti uçly, ýasy däl. Aýaklary has yzraga süýşen we uçanda sallanman, çalaja yza tarap uzaýar. Barmaklarynyň her biriniň derisypat perde parawuzy bolýar.

Отряд водоплавающих птиц размерами со среднюю или мелкую утку. На воде сидят низко, хвост почти не заметен, узкие крылья плотно прижаты, шея относительно длинная, клюв короткий, остроконечный, не плоский. Ноги сильно отставлены назад и в полете не свисают, а слегка вытянуты позади. Каждый палец оторочен кожистой

Horazy mäkiýanyna meňzeş reňkli, diňe ýaş we pasyllaýyn tapawutlary bolýar. Ussatlyk bilen ýüzýärler we çümüp, suwuň aşagynda uzak wagtlap saklanýarlar, höwessiz-agras uçýar, suwdan gury ýere çykmaýar. Gündizine işjeň bolup, gijesine migrasiýa edýär. Örän gagyldyly, ýöne ol diňe jübütleşýän döwründe. Suw ýataklarynyň ýaşaýjylary bolup, ýekebara ýa-da koloniýa bolup höwürtgeleýärler. Suwda ösýän ösümlikleriň arasynda, adatça, ýüzýän höwürtge gurýarlar. Jemi 22 görnüş, onuň tersaýaklar maşgalasyndan 5 weklili Türkmenistanda *(Podicipedidae)*. Balykçylaryň we awçylaryň arasynda olar “çümgüçler” diýip nädogry atlandyrylýar.

перепонкой. Самец и самка окрашены одинаково, характерны отличия только возрастные и сезонные. В весенний период появляются украшающие перья в виде хохлов и воротников. Прекрасно плавают и ныряют, подолгу находясь под водой, летают неохотно, на сушу не выходят. Активны днем, мигрируют в ночное время. Довольно голосисты, однако, лишь в брачный период. Обитатели водоемов, гнездятся одиночно или колониями. Гнезда обычно плавающие, устраиваются среди водной растительности. Всего 22 вида, из которых в Туркменистане – 5 представителей семейства поганковые *(Podicipedidae)*. Среди рыбаков и охотников их неверно называют «нырками».

### 3. Kiçi tersaýak – *Tachybaptus ruficollis* – Малая поганка

<u>Meýdan alamatlary:</u> kepderi ölçeginde, maýda ördeklere çalymdaş, bizdäki tersaýaklaryň arasynda iň kiçisi. Böwri ýazyna açyk-goňur, arkasy, kellesi, **boýnunyň yzky bölegi we döşi gara-goňur, boýnunyň öňki bölegi we ýaňaklary goýy-çypar. Ерniniň (agzynyň) gyrasy kiçiräk sarymtyl - ýaşylymtyl tegmilli.** Güýz - gyş döwründe göwresiniň üstki tarapy çalymtyl - goňur, gapdallary, döşi, boýny we ýaňaklary – çyparrak - aksowult, bokurdagy agymtyl. Umumy reňki solgun bolup, ýazky reňkinden has ýagty. Çüňki agymtyl uçly gara. Gözleri goňur. Aýaklary goýy-ýaşylymtyl-goňur. Ýaşlarynyň daşky görnüşi uly guşlaryň güýzki-gyşky ýelek örtügi bilen meňzeş, ýöne öçügsi we kellesiniň gapdallarynda goňur tegmilleri bolýar. Sesi – batly gykylykly owazlar. Uzynlygy – 24-29, ganaty – 9-11.3, ganatlarynyň gerimi – 35-40 sm, agramy – 125-380 g.

<u>Полевые признаки:</u> размером с голубя, похожа на мелкую утку, среди наших поганок самая мелкая. Весной бока светло-бурые, спина, голова, задняя часть шеи и грудь – черно-бурые, **передняя часть шеи и щеки – темно-рыжие**. **По углам рта небольшие желто-зеленоватые пятна**. В осенне-зимний период верхняя сторона туловища серовато-бурая, бока, грудь, шея и щеки – рыжевато-бежевые, а горло – беловатое. Общая окраска размыта и более светлая, чем весной. Клюв черный со светлым кончиком. Глаза бурые. Ноги – темно-зелено-бурые. Молодые птицы по внешнему виду схожи с осенне-зимним нарядом взрослых, но бледнее и имеют по бокам головы бурые пятна. Голос – громкая крикливая трель. Длина – 24-29, крыло – 9-11.3, размах крыльев – 35-40 см, вес – 125-380 г.



<u>Meňzeşlikleri-tapawutlary:</u> **ölçeginiň maýdadygy, boýnunyň gysgadygy, hüpük, dessejik, “gulajyk”, ”ýakajyk” görnüşde bezeg ýelekleriniň** ýokdugy bilen beýleki tersaýaklylardan tapawutlanýar. Ganatlarynda (gysgalan, çowly) **“aýnajygy” ýok.**

<u>Ýaýran ýerleri:</u> arealynda höwürtgeleýän bölegi – Ýewropa, gündogar we demirgazyk oblastlaryndan başgasynda, Kiçi, Alynky, Orta, Merkezi Aziýa, Günorta we Günorta-Gündogar Aziýa, Merkezi we Günorta Afrika. Orta Aziýada giň ýaýran, ýöne suw-batgalyk ýerlere çekilýär. Türkmenistanda – Amyderýada, Sarygamyşda, çöle akdyrylýan we joşgun suwlaryň toplanan ýerlerinde, Garagum, Murgap, Tejen derýalarynda, Etrek derýasynyň aşaky akymynda we Hazar deňziniň kenarynda. Arealynda höwürtgeleýän böleginiň günorta çäginde, Merkezi Ýewropadan, Orta we Merkezi Aziýadan başgasynda gyşlap, ol ýerden günortaraga uçup gidýär.

<u>Ýaşaýşy:</u> uçup geçýän-höwürtgeleýän we gyşlaýan guş. Ýazky migrasiýasy mart-aprelde, güýzküsi – sentýabr - oktýabrda. Dürli suw ýataklarynyň kenarýakasynda ösýän gamyşlyklarda gizlenip ýaşaýar. Aprel-maýda höwürtgeleýär. Ýüzýän höwürtgesini suw we suwýakada ösýän otlaryň arasynda gurýar. 4-6 sany (käte ondan köp) tutuk ak reňkli ýumurtgalary goýýar, olaryň reňki kürk döwrüniň soňunda höwürtgäniň içki düşeginiň çyglylygy sebäpli garalýar, ölçegleri – 26 x 38 mm. Adatça, jüýjelemegi maý aýynda geçýär. Iýmiti – maýda balyklar we suw oňurgasyzlary.

<u>Statusy:</u> tersaýakşekillileriň arasynda baş sany durnuksyz üýtgeýän adaty görnüş, awçylykda ähmiýeti ýok.

<u>Сходства – отличия:</u> от других поганок отличается очень **мелкими размерами, короткой шеей, отсутствием украшающих перьев** в виде хохолков, пучков, «ушек», «воротников». На крыле (коротком, заостренном) **«зеркальца» нет**.

<u>Распространение:</u> гнездовая часть ареала – Европа, кроме восточных и северных областей, Малая, Передняя, Средняя, Центральная, Южная и Юго-Восточная Азия, Центральная и Южная Африка. В Средней Азии распространение широкое, но тяготеет к водно-болотным местообитаниям. В Туркменистане – Амударья, Сарыкамыш, сбросы и разливы в пустыне, Каракумдарья, Мургаб, Теджен, низовья Этрека и побережье Каспия. Зимует в южных пределах гнездовой части ареала, за исключением Центральной Европы, Средней и Центральной Азии, откуда отлетает южнее.

<u>Образ жизни:</u> пролетно-гнездящаяся и зимующая птица. Весенняя миграция – в марте-апреле, осенняя – в сентябре-октябре. Обитает на различных водоемах в прибрежных заросших участках. Ведет скрытый образ жизни. Гнездование – в апреле-мае. Гнездо – плавучее, располагается среди водной и околоводной растительности. В кладке 4-6 (иногда больше) светлых матово-белых яиц, темнеющих к концу насиживания из-за контакта с мокрой подстилкой гнезда. Размеры яиц – 26 х 38 мм. Птенцы обычно в мае. Питание – мелкая рыба и водные беспозвоночные.

<u>Статус:</u> наиболее обычный вид из поганок с нестабильной численностью, охотничьего значения не имеет.

### 4. Uly tersaýak – *Podiceps cristatus* – **Большая поганка,** или **чомга**

Meýdan alamatlary: ördek ölçeginde, tersaýaklaryň arasynda has ulusy. Kellesiniň üsti garamtyl, gözüniň üsti zolakly, ýaňaklary we boýnunyň öň tarapy ak. **Horazynyň kellesinde ýazyna uzap ösen ýeleklerden garamtyl "gulajyk" we çypar-gara "ýakalyk" ýaly ýelekleri anyk görünýär.** Arkasy hem garamtyl, bedeniniň aşagy açyk, böwürleri – çyparrak reňkli. Gözleri gyzyl, ýaşlarynyňky – gülgüne. Çüňki gyzylymtyl. Aýaklary goýy-ýaşylymtyl. Uçýan wagty (okgunly we göni) boýny we aýaklary uzalandyr, çowly ganatlarynyň öňki gyrasynda ak tegmili we yzkysynda – ak "aýnajygy" bolup, ganatynyň ortasynda bitişýär. Güýz-gyş wagty reňkiniň solakdygy, "gulajygynyň" we "ýakalygynyň" ýokdugy anyk görünýär. **Ýaş guşlar** hem edil şonuň ýaly görnüşde, ýöne **olaryň kellesiniň gapdallarynda dik garamtyl zolaklary bolýar**. Sesi diňe jübütleşýän döwründe eşidilýär, köplenç güýçli we bogazdan basylyp çykýan dürli gykylyk – "korrr", "kerrr", "kruaa", "krooaa". Uzynlygy – 45-50, ganaty – 17-21, ganatlarynyň gerimi – 85-95 sm, agramy – 700-1500 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: **ölçeginiň has uludygy bilen** beýlekilerden we boýnunyň akdygy hem-de "ýakalygynyň" bardygy bilen çalýaňak tersaýakdan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi – Ýewropa, demirgazyk oblastlaryndan başgasynda, Kiçi, Alynky, Orta we Merkezi Aziýa, Gazagystan, Demirgazyk-Gündogar Hytaý, Günorta Afrikanyň, Awstraliýanyň we Täze Zelandiýanyň käbir ýerlerinde. Orta Aziýada we Türkmenistanda dürli suw ýataklarda giňişleýin gabat gelýär: Hazar deňzinden we Etrek derýasynyň aşaky akymyndan Amyderýa we Sarygamyş kölüne çenli. Höwürtgeleýän oblastlarynyň çäginde, Gündogar Ýewropadan, Gazagystandan, Merkezi Aziýadan we Demirgazyk-Gündogar Hytaýdan başgalarynda gyşlaýar, ol ýerden günortaraga gyşlamaga uçup gidýär.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän we gyşlaýan guş. Ýazky migrasiýasy mart-aprelde, güýzküsi – oktýabr-noýabrda. Aýratyn jübüt ýa-da koloniýa bolup, dürli suw-batgalyk ýerlerde höwürtgeleýär. Höwürtgesi edil beýleki tersaýaklaryňky ýaly – ýüzüji. 3-5, käte 7-ä çenli tutuk-ak ýumurtgalary goýýar, guşlar kürk bolup oturdygyça ýumurtgalaryň reňki goýy-goňur sypaty alýar, ölçegleri – 32-40 x 46-66 mm. Jüýjelemegi apreliň aýagynda geçýär we gizlin gezýärler. Maýda balyklar, itbalyklar we suw oňurgasyzlary bilen iýmitlenýär.

Statusy: beýleki tersaýaklar bilen deňeşdirilende adaty guş. Aw möwsüminde awçylar tarapyndan aw guşy hökmünde awlanýar, ýöne ol oňat olja hasaplanmaýar.

Полевые признаки: размером с утку, среди поганок – наиболее крупная. Голова сверху темная, полоса над глазом, щеки и шея спереди – белые. **Весной у самцов на голове хорошо заметны темные «ушки» и рыже-черный «воротник»** из удлиненных перьев. Спина тоже темная, низ тела – светлый, бока – рыжеватые. Глаза красные, у молодых – розовые. Клюв – красноватый. Ноги – темно-зеленые. При полете (стремительном и прямолинейном) шея и ноги вытянуты, а на заостренных крыльях заметны: белое пятно на переднем крае и белое «зеркальце» на заднем, смыкающиеся у основания крыла. В осенне-зимнее время окраска заметно бледнее, «ушки» и «воротник» отсутствуют. Также выглядят и **молодые птицы**, но **у них по бокам головы имеются темные продольные полоски**. Голос подает только в брачный период – громкие и очень разнообразные горловые крики, чаще – «коррр», «кэррр», «круаа», «крооаа». Длина – 45-50, крыло – 17-21 , размах крыльев – 85-95 см, вес – 700-1500 г.

Сходства-различия: **от других поганок отличается крупными размерами**, а от серощекой поганки – белой шеей и наличием «воротника».

Распространение: гнездовая часть ареала – Европа, кроме северных областей, Малая, Передняя, Средняя и Центральная Азии, Казахстан, Северо-Восточный Китай, местами в Южной Африке, Австралии и Новой Зеландии. В Средней Азии и Туркменистане встречается широко по различным водоемам: от Каспия и низовьев Этрека – до Амударьи и Сарыкамыша. Зимуют в пределах гнездовых областей, за исключением Восточной Европы, Казахстана, Центральной Азии и Северо-Восточного Китая, откуда на зиму отлетают южнее.

Образ жизни: пролетно-гнездящаяся и зимующая птица. Весенняя миграция в марте-апреле, осенняя – в октябре-ноябре. Гнездится по различным водно-болотным местообитаниям отдельными парами или в колониях. Гнездо как у большинства поганок – плавучее. В кладке – 3-5, иногда до 7 яиц; в начале матово-белого цвета, а к концу насиживания – темно-бурого. Размеры яиц – 32-40 х 46-66 мм. Птенцы появляются с конца апреля, держатся скрытно. Питается мелкой рыбой, головастиками лягушек и водными беспозвоночными.

Статус: обычная, по сравнению с другими поганками, птица. Добывается охотниками во время сезона охоты, но хорошим трофеем не считается.

### 5. Çalýaňak tersaýak – *Podiceps grisegena* – Серощекая поганка

Meýdan alamatlary: ortaça ördek ölçeginde; gyzylboýun tersaýakdan biraz ulurak, ýöne uly tersaýakdan ep-esli kiçi. Bedeniniň üsti ýazyna goňurrak-çal, aşagy – ak, **döşüniň ýokarky bölegi we boýnunyň öň tarapy – goňrasrak-çypar. Kellesiniň üsti (gözüne çenli) – kiçiräk hüpükli gara, ýaňaklary we bokurdagy – çal. Çüňki sary düýpli, çal.** Güýz-gyş döwründe bokurdagy we boýnunyň öňi çal, ýaşlarynyňky – goňurrak-

Полевые признаки: размером со среднюю утку; чуть крупнее красношейной, но немного мельче большой поганки. Весной верх тела буровато-серый, снизу – белый, **верхняя часть груди и шея спереди – каштаново-рыжие**. **Голова сверху (до глаза) – черная с небольшим хохолком, щеки и горло – серые. Клюв серый, с желтым основанием.** В осенне-зимний период горло и шея спере-

çypar garyndyly reňkli. Ýaşlarynyň kellesiniň gapdallaryndan garamtyl dik zolaklar geçýär. Gözi goňur. Aýaklary daş ýüzünden garamtyl we içki tarapdan – sarymtylrak-ýaşylymtyl. Sesi, diňe jübütleşýän döwründe, pert gyryljyk "çek-çek" we pesden sogup çykýan "kaoouu". Uzynlygy – 40-49, ganaty – 15-20, ganatlarynyň gerimi – 75-85 sm, agramy – 700-1200 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: **ýaňaklarynyň ýazyna açyk-çal** alamaty, beýleki tersaýaklarda gabat gelmeýär. **Gyşyna – tutuşlygyna gözüniň deňine çenli barýan garamtyl-çal "telpejikli"**. **Ganatlaryndaky ak tegmil we ak "aýnajyk"** uçýan wagtynda **olar galtaşmaýarlar**.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi – Merkezi we Gündogar Ýewropa, Gazagystan, Gündogar Sibir, Aziýanyň demirgazik-gündogary we Demirgazyk Amerikanyň demirgazyk - günbatary. Orta Aziýada we Türkmenistanda – suw-batgalyk ýerleriň hemmesinde ýaýran: Sarygamyşda, Garaguma suw joşgunynyň baran ýerlerinde, Amyderýada, Garagum, Murgap, Tejen derýalarynda, Etrek derýasynyň aşaky akymynda we Hazar deňziniň kenarýakasynda. Gyzylboýun tersaýak üçin häsiýetli bolan oblastlarda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-gyşlaýan, az sanda höwürtgeleýän guş. Ýazyna mart - aprelde, güýzüne – sentýabrda uçup geçýär. Yzgary söýýän ösümlikleriň gür ösen dürli suw ýataklarynda gabat gelýär. Aýratyn jübüt bolup, gizlenip gezýär, şeýle-de höwürtgeleýär. Höwürtgesini, adatça kenarýakadaky gür ösen otlaryň arasynda gurýar. 2-4, käte 6 sany tutuk-ak ýumurtgalary goýýar,

ди – серые, а у молодых – с примесью буро-рыжего цвета. По бокам головы у молодых заметны также темные продольные полоски. Глаза бурые. Ноги – черноватые снаружи и желтовато-зеленоватые с внутренней стороны. Голос – только в брачный период – резкое скрипучее «чек-чек» и низкое протяжное «каоууу». Длина – 40-49, крыло – 15-20, размах крыльев – 75-85 см, вес – 700-1200 г.

Сходства – отличия: **весной – светло-серые щеки**, признак, не встречающийся у других поганок. **Зимой – сплошная темно-серая «шапочка», доходящая до уровня глаз**. В полете **на крыле – белое пятно и белое «зеркальце», которые не соединяются.**

Распространение: гнездовая часть ареала – Центральная и Восточная Европа, Казахстан, Восточная Сибирь, на северо-востоке Азии и северо-западе Северной Америки. В Средней Азии и Туркменистане – везде по водно-болотным местообитаниям: на Сарыкамыше, по разливам в Каракумах, на Амударье, Каракумдарье, Мургабе, Теджене, в низовьях Этрека и на побережье Каспия. Зимуют в тех же областях, что и красношейная поганка.

Образ жизни: пролетная, зимующая птица, в небольшом числе гнездится. Весенний пролет – в марте-апреле, осенний – в сентябре. Встречается на различных водоемах, заросших влаголюбивой растительностью. Держатся скрытно отдельными парами, также и гнездятся. Гнезда – обычно среди густой прибрежной растительно-



soňra ol höwürtgäniň düşeginiň ýokundysyndan ýaşylymtylrak ýa-da goňurrak reňke geçýär, ölçegleri – 31-38 x 48-58 mm. Adatça, maý aýynda jüýjelemegi geçýär. Suwdaky maýda oňurgasyzlar, şeýle-de balyklar bilen iýmitlenýär.

Statusy: baş sany durnuksyz, az sanly görnüş. Awçylykda ähmiýeti ýok, ýöne käte awçylar tarapyndan awlanylýar.

сти. В кладке 2-4, иногда 6 яиц матово-белого цвета, в результате загрязнения о гнездовую подстилку становятся зеленоватыми или коричневатыми. Их размеры – 31-38 x 48-58 мм. Птенцы обычно в мае. Питается мелкой рыбой, а также водными беспозвоночными.

Статус: немногочисленный вид с нестабильной численностью. Охотничьего значения не имеет, но изредка добывается охотниками.

### 6. Gyzylboýun tersaýak – *Podiceps auritus* – Красношейная поганка

Meýdan alamatlary: garaboýun tersaýakdan sähelçe ulurak, ýöne çalýaňak tersaýakden kiçi. Arkasy **ýazyna** goýy - goňur, bedeniniň gapdallary we boýny **goňrasrak-çypar,** bokurdagynyň "telpejigi" we "ýakajygy" – gara, **kellesindäki "şahjagaz" çypar reňkli.** Çüňküniň düýbi sary, agymtyl uçly gara. Gözi gyzyl. Aýaklary, edil garaboýun tersaýagyňky ýaly, daşky ýüzi garamtyl we içki tarapy – ýaşylymtyl-çal. Güýzgyş döwründe çypar reňki solýar, ýaňaklary we boýnunyň öň tarapy ak reňki alýar. Ýaş guşlar gyşyna ulularyna çalymdaş, ýöne bedeniniň gapdallarynda, maňlaýynda, döşünde we arkasynda çal reňkiň goşundy mukdary köpdür. Sesi şyrryldyly sesler – "ýuirrr", "ýaorrr" ýa-da "kriirrr". Uzynlygy – 30-38, ganaty – 13.5-15.9, ganatlarynyň gerimi – 59-66 sm, agramy–240-380 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: **çüňküniň düýbi bilen gözleriniň aralygy insiz ýagty zolakly**. Ganatlarynda iki ak meýdançajyklary bolýar (çalýaňak tersaýagyňky ýaly).

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi – Ýewraziýanyň we

Полевые признаки: чуть крупнее черношейной, но мельче серощекой поганки. **Весной** спина темно-бурая, **бока тела и шея – каштаново-рыжие**, «шапочка» горло и «воротник» – черные, **на голове «рожки» рыжего цвета**. Клюв черный со светлым кончиком, желтоватый к основанию. Глаза красные. Ноги, как у черношейной поганки – черноватые снаружи и зеленовато-серые с внутренней стороны. В осенне-зимний период рыжий цвет отсутствует, щеки и шея спереди – белые. Молодые птицы похожи на взрослых зимой, но с большей примесью серого цвета по бокам тела, на лбу, груди и спине. Голос – журчащее «юиррр», «яоррр» или «крииррр». Длина – 30-38 , крыло – 13.5-15.9, размах крыльев – 59-66 см, вес – 240-380 г.

Сходства – отличия: **между основанием клюва и глазом – тонкая светлая полоска.** На крыле – два белых поля (как у серощекой поганки).

Распространение: гнездовая часть ареала – умеренные и субар-

Demirgazyk Amerikanyň aram we subarktika giňişlikleri. Türkmenistanda, edil Orta Aziýanyň hemme ýerinde bolşy ýaly, ýaýraýşy derýa jülgeleri we suw ýataklary bilen baglanyşykly: Amyderýa, Sarygamyş, çöldäki akyndy we joşgun suwlaryň toplanan ýerleri, Garagum, Murgap, Tejen derýalary, Etrek derýasynyň aşaky akymy we Hazar deňziniň kenarýakasy. Demirgazyk-Günbatar we Günorta-Gündogar Ýewropada, Orta Aziýanyň günortasynda we Gündogar Aziýanyň gyrak çetlerinde we Demirgazyk Amerikanyň kenarýakalarynda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän we gyşlaýan görnüş. Ýazky migrasiýasy aprel-maýda, güýzküsi – awgust-sentýabrda. Suw we suwýaka ösümliklerine baý bolan suw ýataklarynda saklanýar. Höwürtgesini kenarýakasynyň ösgün ösen ösümlikli ýerlerinde gurýar. Aýratyn jübüt bolup höwürtgeleýär. Adatça, 4-5, käte 7 sany ak reňkli ýumurtgalary goýýar, soňra olaryň höwürtgäniň çaňly düşeginiň ýokundysyndan garalmasy geçýär, ölçegleri – 29-39 x 40-50 mm. Jüýjeleme - apreliň aýagynda we maý aýynda. Suw oňurgasyzlary, az mukdarda maýda balyklar bilen iýmitlenýär.

Statusy: seýrek guş, awçylykda ähmiýeti ýok.

ктические широты Евразии и Северной Америки. В Туркменистане, как и всюду в Средней Азии, распространение связано с долинами рек и водоемами: Амударья, Сарыкамыш, сбросы и разливы в пустыне, Каракумдарья, Мургаб, Теджен, низовья Этрека и Каспийское побережье. Зимуют на побережьях Северо-Западной и Юго-Восточной Европы, юге Средней и крайних пределах Восточной Азии и по побережьям Северной Америки.

Образ жизни: пролетный, зимующий вид. Весенняя миграция – в апреле-мае, осенняя – в августе-сентябре. Придерживается водоемов богатых водной и околоводной растительностью. Гнездо, как правило, устраивает в зарослях прибрежных растений. Гнездится отдельными парами. В кладке – обычно 4-5, иногда до 7 яиц белого цвета, которые темнеют, окрашиваясь в результате соприкосновения с грязной подстилкой гнезда. Размеры яиц – 29-39 x 40-50 мм. Птенцы – с конца апреля и в мае. Питается водными беспозвоночными, в меньшей степени мелкой рыбой.

Статус: редкая птица, охотничьего значения не имеет.

### 7. Garaboýun tersaýak – *Podiceps nigricollis* – Черношейная поганка

Meýdan alamatlary: kiçi tersaýakdan ulurak, ýöne gyzylboýun tersaýakdan kiçi. **Ýazyna arkasy, kellesi we tutuş boýny gara**, bedeniniň gapdallary çypar, gözleriniň yzynda – inçejik altyn öwüşginli ýelekleriň dessejigi bolýar. Bokurdagy we döşi güýz-gyş döwrüňde ak, boýnunyň öňi – açyk-çal, gapdallary – çal. **Çüňküniň ujy ýokaryk galyp duran-jaýty**. Uly guşlaryň gözleri gyzyl, ýaşlarynyňky – goňur. Aýaklary daşyndan garamtyl-rak, içki tarapyndan–ýaşylymtyl-çal. Ýaş guşlar ulularynyň gyşky ýelek örtügi bilen meňzeş. Sesi diňe köpelýän döwründe eşidilýär – güýçli inçe sykylyklar: "uit-uit" ýa-da "piit-piit". Uzynlygy – 28-34, ganaty – 12-13.9, ganatlarynyň gerimi – 55-60 sm, agramy – 300-450 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: çüňküniň **tutuşlygyna garadygy we biraz ýokaryk galyp durandygy ("jaýty burun") bilen tersaýaklaryň ählisinden tapawutlanýar. Ganatlarynyň yzky gyrasynda diňe bir ak tegmili** bolýar ("aýnajyk").

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän böleginiň aralary üzülen – Merkezi, Günorta-Gündogar we Gündogar Ýewropa, Günbatar Sibiriň günortasy, Gazagystan, Hytaýyň demirgazyk-gündogary, Demirgazyk Amerikanyň günorta-günbatary we Afrikanyň günortasy. Orta Aziýada giň ýaýran we ol diňe suw-batgalyk ýerleri bilen baglanyşykly. Türkmenistanda – Amyderýada, Sarygamyşda, Mertkezi Garaguma suw akan ýerlerde, Garagum, Murgap, Tejen, Etrek derýalarynyň ugrunda, Hazaryň kenarýakasynda duşýar. Günbatar Ýewropada, Ortaýer deňzinde, Alynky Aziýada, Orta Aziýanyň günortaynda we Gündogar Aziýanyň kenarýakasynda, Afrikada we Merkezi Amerikanyň günortasynda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän, gyşlaýan guş. Ýazky migrasiýasy aprel-maýda, güýzküsi – sentýabr-oktýabrda. Dürli göwrümli – suwýaka ösümliklerine baý bolan maýda, şeýle-de iri suw ýataklarynda

Полевые признаки: крупнее малой, но мельче красношейной поганки. **Весной спина**, г**олова и вся шея черные**, бока тела рыжие, за глазами – пучки тонких золотистых перьев. В осенне-зимний период горло и грудь – белые, шея спереди – светло-серая, бока – серые. **Конец клюва вздернут**. Глаза красные у взрослых, коричневые у молодых. Ноги снаружи черноватые, с внутренней стороны зеленовато-серые. Молодые птицы схожи со взрослыми в зимнем оперении. Голос подает только в период размножения – громкие тонкие свисты «уит-уит» или «пиит-пиит». Длина – 28-34, крыло – 12-13.9, размах крыльев – 55-60 см, вес – 300-450 г.

Сходства – отличия: от всех поганок отличается **полностью черным и немного вздернутым («курносым») клювом. На крыле – только одно белое пятно** по заднему краю («зеркальце»).

Распространение: гнездовая часть ареала разорвана – Центральная, Юго-Восточная и Восточная Европа, юг Западной Сибири, Казахстан, северо-восток Китая, юго-запад Северной Америки и юг Африки. В Средней Азии распространение широкое и связано исключительно с водно-болотными местообитаниями. В Туркменистане – по Амударье, на Сарыкамыше, разливам в Центральных Каракумах, в зоне Каракумдарьи, Мургаба, Теджена, Этрека и побережья Каспия. Зимуют в Западной Европе, Средиземноморье, Передней, на юге Средней и побережью Восточной Азии, юге Африки и Центральной Америки.

Образ жизни: пролетная, гнездящаяся и зимующая птица. Весенняя миграция – в апреле-мае, осенняя – сентябре-октябре. Встречается по различным водоемам, как мелким, так и крупным, с богатой околоводной растительностью. Держатся в стаях. Гнезда




**Guşlaryň suwdaky oturyşy**: 1– derýa ördegi; 2 – tüňňele ördek; 3 – jüptün ördek; 4 – gorçy; 5 – ýogla; 6 – tersaýak; 7 – sakarbarak; 8 – garajagaz; 9 – çarlak.
**Посадка птиц на воде**: 1 – речная утка; 2 – нырок; 3 – крохаль; 4 – савка; 5 – гагара; 6 – поганка; 7 – лысуха; 8 – баклан; 9 – чайка.




**Guşlaryň uçup barýarka görnüşi**: 1 – ördek; 2 – garajagaz ; 3 – sakarbarak; 4 – tersaýak; 5 – ýogla.
**Птицы в полете**: 1 – утка; 2 – баклан; 3 – лысуха; 4 – поганка; 5 – гагара.



gabat gelýär. Süri bolup gezýär. Koloniýa bolup, ýüzýän adajyklarda ýa-da tümmeklerde, suwýaka ösümlikleriň seýrek ösen ýerlerinde ýa-da gyrmança üýşmeklerinde höwürtge guryar. 3-den 5-6 çenli tutuk-ak ýumurtgalary goýýar, soň höwürtgäniň içki düşeginiň reňkiniň ýokmagynda olaryň ýaşylymtyl ýa-da goňurrak we goňur öwüşgini almagy mümkin, ölçegleri – 26-34 x 39-49 mm. Jüýjelemegi, adatça, maý aýynda. Esasan, suw oňurgasyzlary, seýrek maýda balyklar bilen iýmitlenýär.

Statusy: höwürtgeleýän döwri seýrek, uçup geçýän we gyşlaýan wagty adaty,käbir yerlerde kop sanly Awçylykda ähmiýeti ýok.

– в колониях, на плавучих островках или на кочках, среди негустой околоводной растительности или на илистом грунте. В кладке от 3 до 5-6 яиц. Свеже отложенные – матово-белые, но потом меняют цвет на зеленоватый или коричневатый и даже бурый из-за пачкания о подстилку гнезда. Размеры яиц – 26-34 х 39-49 мм. Птенцы обычно в мае. Питается в основном водными беспозвоночными, редко мелкой рыбой.

Статус: в гнездовое время редка, а на пролетах и в зимний период обычна. Охотничьего значения не имеет.

## **GOTANŞEKILLILER,** ÝA-DA **KÜREKAÝAKLYLAR – *PELECANIFORMES* – ПЕЛИКАНООБРАЗНЫЕ,** ИЛИ **ВЕСЛОНОГИЕ**

Öý ördeginiň maýdasyndan uly gazyň ölçegine çenli bolan, uzyn boýunly, inli hem uzyn ganatly suwda ýüzýän guşlar maşgalasy. Bedeni oklawşekilli, dykyz, süýnmek, suwda ýüzmäge, garaja gazlar maşgalasynyň wekilleri bolsa, suwa çümüp ýüzmäge oňat uýgunlaşandyrlar. Barmagynyň 4-si hem umumy ýüzüç perdeli. Horazy hem mäkiýany meňzeş reňkli, ýöne jübütleşýän döwründe horazlarynyň kellesinde, bedeniniň üstki böleginde we söbüginde bezeg ýelekleri peýda bolýar. Dürli möçberli suw ýataklarynyň ýaşaýjylary. Kiçiräk adajyklarda, agaçlaryň üstünde, gaýalaryň erňeklerinde höwürtgeleýärler. Guşlaryň jübütleşmesi durnukly, adatça koloniýa döredip höwürtgeleýärler. Ýumurtgalary uzalan - süýrüräk görnüşde. Balyk bilen

Отряд водоплавающих птиц размером от мелкой домашней утки до крупного гуся, с длинной шеей и широкими, длинными крыльями. Тело вальковидное, плотное, обтекаемое, хорошо приспособленное для плавания, а у представителей семейства баклановых – для ныряния. Все 4 пальца заключены в общую плавательную перепонку. Самцы и самки окрашены практически одинаково, но в брачный период у самцов появляются украшающие перья на голове, верхней части тела и голенях. Обитатели различных водоемов. Гнездятся на небольших островах, на деревьях, уступах обрывов. Пары постоянные, обычно образуют гнездовые колонии. Яйца удлиненно-эллипсоидной формы. Пи-

iýmitlenýärler. Dünýäde 56 görnüş (6 maşgala), 4-si Türkmenistanda.

таются рыбой. В мире 56 видов (6 семейств), в Туркменистане – 4.

## Gotanlar – *Pelecanidae* – Пеликановые

Üstki çüňki ýasy we aşakysynda özboluşly deripisint haltasy bolýan, suwda ýüzýän iň iri guşlaryň maşgalasy. Ýelek örtüginiň reňki açyk, köplenç ak. Dünýä faunasynda 8 görnüş, 2-si Türkmenistanda.

Семейство самых крупных из водоплавающих птиц с характерными большими плоскими надклювьями и своеобразным кожистым мешком под клювом. Окраска оперения светлая, преимущественно белая. В мировой фауне 8 видов, в Туркменистане – 2.

### 8. Gyzgylt gotan – *Pelecanus onocrotalus* – Розовый пеликан

<u>Meýdan alamatlary:</u> beden gurluşy, ölçegi we ininiň boýuna kybapdaşlygy **buýraly gotana çalymdaş, emma uly guşlaryň ýelek örtüginiň reňki agymtyl-gyzgylt. Kellesindäki hüpügi gysga we buýrasyz. Ganatlarynyň uçlary gara diýen ýaly.** Aýaklary sary ýa-da gyzgylt. Ýaş guşlar goýy-goňur reňkli. Sesi basyk "arlama", ýöne sesi diňe höwürtgeleýän koloniýasynyň golaýynda eşidilýär, galan wagty ümsüm gezýär. Horazlarynyň ganaty – 70-72, mäkiýanlarynyňky – 64-68 sm, agramy – 10-11 kg çenli.

<u>Meňzeşlikleri–tapawutlary:</u> ýelek örtüginiň mylaýym-gyzgyltdygy, kellesindäki we boýnundaky ýelekleriň buýrasyzdygy, hüpüginiň gönüdigi, ganatlarynyň uçlarynyň garadygy, aýaklarynyň açyk reňklidigi bilen buýraly gotandan tapawutlanýar. Buýraly gotandan tapawutlylykda suwda oturan wagty ýygy-ýygydan boýnuny yza gaňyrýar.

<u>Ýaýran ýerleri:</u> arealynda höwürtgeleýän bölegi edil buýraly gotanyňky ýaly aýry-aýry toplumlardan durýar: Ortaýer we Gara deňzleriniň demirgazyk raýonlary, Günorta Hazarýakasy, Orta Aziýa

<u>Полевые признаки:</u> строением тела, размером и пропорциями **похож на кудрявого пеликана, но окраска оперения взрослых птиц бело-розовая. Хохолок на голове короткий и не завит.** Концы крыльев почти черные. Ноги желтые или розоватые. Молодые птицы почти темно-бурые. Голос – глуховатый "рев", но только поблизости от гнездовой колонии, в остальное время молчаливы. Крыло самцов – 70-72, самок – 64-68 см, вес – до 10-11 кг.

<u>Сходства – отличия:</u> от кудрявого пеликана отличается окраской – оперение нежно-розовое, перья на голове и шее не закручены, хохол прямой, концы крыльев черные, ноги светлые. В отличие от кудрявого пеликана, шею, сидя на воде, чаще закидывает назад.

<u>Распространение</u>: гнездовая часть ареала как у кудрявого пеликана мозаична – северные районы Средиземноморья и Черноморья, Южный Прикаспий, Средняя Азия и Казахстан. В Туркменистане – по долинам крупных рек, на внутренних водоемах и морском побе-



we Gazagystan. Türkmenistanda – uly derýalaryň jülgelerinde, içki suw ýataklarynda we deňziň kenarýakasynda. Buýraly gotana garanyňda giňişleýin gyşlaýar: Demirgazyk-Gündogar Ortaýer deňzinde, Pars aýlagynyň demirgazyk kenarynda, Hindistanyň demirgazyk oblastlarynda hem-de Merkezi we Gündogar Afrikada.

<u>Ýaşaýşy:</u> uçup geçýän, gyşlaýan we az-owlak höwürtgeleýän guş. Ýazyna fewralyň aýagyndan maý aýynyň ortasyna çenli, güýzüne – awgustyň soňundan noýabryň aýagyna çenli uçup geçýär. Sarygamyş kölündäki adajyklarda, köplenç buýraly gotanlar ýa-da gara-ja gazlar bilen bilelikde koloniýa bolup höwürtgeleýär. Maý aýyndan awgustyň başyna çenli köpelýär. Adatça, höwürtgesi çägäniň üstünde, käte azajyk sypal we ýelek düşelenje çukurjyk. 2-3 sany ak reňkli ýumurtga goýýar. Ýaşaýyş häsiýeti boýunça, buýraly gotan bilen birmeňzeş.

Statusy: örän seýrek, Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen görnüş.

режье. Зимует шире, чем кудрявый пеликан: в Северо-Восточном Средиземноморье, на северном побережье Персидского залива, в северных областях Индостана и в Центральной и Восточной Африке.

<u>Образ жизни</u>: пролетная, зимующая и частично гнездящаяся птица. Весенний пролет – с конца февраля до середины мая. Осенний – с конца августа до конца ноября. Гнездится колониями на островах озера Сарыкамыш, нередко совместно с кудрявым пеликаном или бакланами. Размножение в мае – начале августа. Гнездо – обычно ямка в песчаном грунте, иногда с небольшим количеством веточек и перьев. В кладке – 2-3 яйца белого цвета. По образу жизни во многом сходен с кудрявым пеликаном.

<u>Статус</u>: очень редкий, вид, занесен в Красную книгу Туркменистана.

### 9. Buýraly gotan – *Pelecanus crispus* – Кудрявый пеликан

<u>Meýdan alamatlary:</u> guw ölçegli we inli uly ganatly örän uly guş. **Aşaky eňeginiň asty gyzgylt reňkli derişekilli holtumly, uzalan daýaw çüňkli**. Jübütleşýän döwründe holtumy mämişi reňkli, ganatlarynyň uçlary çalymtyl-goňur bolup, ýelek örtügi agymtyl-çal. Horazynyň **kellesindäki we ýeňsesindäki uzalan ýelekleri buýraly**. Mäkiýanynda bu alamat gowşak. Ýaş guşlar goňurrakçal reňkli. Aýaklary çal. Sesi gyzgylt gotanyňky bilen meňzeş, ýöne has ýokary äheňde. Horazlarynyň ganaty – 72.5-77, mäkiýanlarynyňky – 68.5-

<u>Полевые признаки</u>: очень крупная птица размером с лебедя и с большими широкими крыльями. **Массивный удлиненный клюв с кожистым мешком розового цвета под нижней челюстью.** В брачный период мешок оранжевого цвета, оперение беловато-серое с серо-бурыми концами крыльев. У самцов **перья на голове и затылке удлиненные с завитками**. У самок этот признак выражен слабее. Молодые птицы буровато-серые. Ноги серые. Голос схож с розовым пеликаном, но более высоких то-

70 sm, agramy - 9-dan-12-13 kg çenli.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: açyk - çal reňki, garamtyl aýaklary, kellesindäki özboluşly buýra ýelekleri bilen gyzgylt gotandan tapawutlanýar. Suwda oturanda boýnuny dik saklaýar.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän oblasty örän dürli – Ortaýer we Gara deňizleriniň demirgazyk raýonlary. Demirgazyk Hazarýakasy, Orta we Merkezi Aziýa. Ýaýraýşy höwürtgelemek we iýmitlenmek üçin amatly ýerleriň meýdanyna bagly. Türkmenistanda – uly derýalaryň jülgelerinde, içki suw ýataklarynda we deňziň kenarýakasynda gabat gelýär. Gündogar Ortaýer deňzinde, Orta Aziýanyň günorta we Günorta Aziýanyň demirgazyk oblastlarynda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän, bölekleýin gyşlaýan we käte höwürtgeleýän guş. Ýazyna fewralyň ikinji ýarymyndan maýyň başyna, güýzüne – awgustyň ikinji ýarymyndan dekabryň başyna çenli uçup geçýär. Sarygamyş kölündäki adajyklarda we Soltansanjar suw howdanynda gyzgylt gotanlar ýa-da garaja gazlar bilen bilelikde koloniýa bolup höwürtgeleýär. Apreliň aýagyndan iýul aýynyň ahyryna çenli köpelýär. Höwürtgesi ýumşak, harsal gurlan, ini 50 we beýikligi 20-30 sm çenli. 2-3, seýrek 4-5 sany ak reňkli ýumurtga goýýar. Suwda oňat ýüzýär, balyk bilen iýmitlenýär, ýöne olary çümüp awlamaýar. Balyklary suwuň üstki gatlagyndan, adatça, olary suwuň ýalpak ýerine gabap tutýar.

Statusy: örän seýrek görnüs, MSOP-yň Gyzyl sahypasyna we Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen.

нов. Крыло самцов – 72.5-77, самок – 68.5-70 см, вес – от 9 до 12-13 кг.

Сходства – отличия: от розового пеликана отличается светло-серой окраской, темными ногами и своеобразно закрученными перьями на голове. Шею, сидя на воде, держит вертикально.

Распространение: гнездовая область очень мозаична – северные районы Средиземноморья и Черноморья, Северный Прикаспий, Средняя и Центральная Азия. Распространение зависит от наличия мест, подходящих для гнездования и кормежки. В Туркменистане – по долинам крупных рек, на внутренних водоемах и морском побережье. Зимуют в Восточном Средиземноморье, южных областях Средней и северных областях Южной Азии.

Образ жизни: пролетная, частично зимующая и спорадически гнездящаяся птица. Весенний пролет – со второй половины февраля до начала мая. Осенний – со второй половины августа до начала декабря. Гнездится колониями на островах озера Сарыкамыш и вдхр. Солтансанджар, нередко совместно с розовым пеликаном или бакланами. Размножение с конца апреля до конца июля. Гнезда рыхлые, небрежные, диаметром до 50 и высотой 20-30 см. В кладке 2-3, реже 4-5 яиц белого цвета. Хорошо плавает, питается рыбой, но за ней не ныряет. Добычу ловит в поверхностных слоях водоема, обычно загоняя ее на мелководье.

Статус: очень редкий вид, занесен в Красный список МСОП и Красную книгу Туркменистана.



## Garajagazlar – *Phalacrocoracidae* – Баклановые

Maýda, öý ördeklerinden kiçiräk, gaz ölçegindäki guşlar maşgalasy. Bedeni uzalan, aýaklary yza süýşen oklawşekilli. Uzyn boýnunda kiçiräk kellesi oturýar. Çüňki insiz, başgalara garanyňda uzyn, ujy gaňyrçakly. Dürli görnüşleriň kellesiniň ýüz bölegindäki ýalaňaç derisi dürli reňke boýalan. Görnüşleriň horazlarynyň köpüsinde jübütleşýän döwri hüpük we bezeg ýelekleri ösüp çykýar. Dünýä faunasynda 31 görnüş, 2-si Türkmenistanda.

Семейство птиц размером от мелкой домашней утки до небольшого гуся. Тело удлиненное, вальковидное с отнесенными назад ногами. Небольшая голова сидит на длинной шее. Клюв узкий, довольно длинный, с крючком на конце. Голая кожа на лицевой части головы у разных видов окрашена неодинаково. В брачный период у самцов многих видов отрастают хохолки и украшающие перья. В мировой фауне 31 вид, в Туркменистане – 2.

### 10. Uly garajagaz – *Phalacrocorax carbo* – Большой баклан

Meýdan alamaty: suwda pes oturýan kiçiräk gaz ölçegindäki guş. Boýnuny göni ýa-da biraz egreldip saklaýar. **Ulularynyň reňki ýaşylymtyl metal öwüşginli gara. Bokurdagy we ýaňaklary ak, çüňküniň düýbündäki ýalaňaç deri tegmili sary.** Gözleri gök. Jübütleşýän döwründe horazlarynyň kellesinden, boýnunyň üstki böleginden we injiginden saçşekilli ak ýelekleri ösüp çykýar. Aýaklary gara. Ýaşlary goýy-goňur reňkde, garny ak. Örän oňat ýüzüp we çümüp bilýär, ezilenden soň kenarda ýeleklerini guratmak üçin, ganatlaryny ýazýar. Uçanynda ýygy-ýygydan biri-biriniň yzyna tirkeşýärler ýa-da nädogry toýnuk görnüşi alýarlar. Sesi basyk gagyldama. Uzynlygy – 90 sm çenli, horazynyň ganaty – 33.3-38.3, mäkiýanynyňky – 32.5-36,5, ganatlarynyň gerimi – 150 sm, horazynyň agramy – 1.8-den-3 kg çenli.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: ölçeginiň uludygy we ýüzündäki "örtügiň" reňkiniň sarydygy bilen kiçi garajagazdan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealy bölekleýin,

Полевые признаки: размером с небольшого гуся, на воде сидит низко. Шею держит прямо или с небольшим изгибом. **Окраска взрослых черная, с зеленоватым металлическим отливом**. **Горло и щеки белые, пятно голой кожи у основания клюва – желтое**. Глаза синие. У самцов в брачный период отрастают волосовидные белые перья на голове, верхней части шеи и голени. Ноги черные. Молодые черно-бурые с белым брюшком. Хорошо плавает и ныряет, намокнув, выходит на берег и принимает позу с полураскрытыми крыльями, чтобы их просушить. В полете часто выстраиваются гуськом или неровным клином. Голос – глухое карканье. Длина – до 90, крыло у самцов – 33.3-38.3, у самок – 32.5-36.5, размах крыльев – 150 см, вес самцов – от 1.8 до 3 кг.

Сходства – отличия: от малого баклана хорошо отличается крупными размерами и желтым цветом «маски на лице».

Antarktidadan, Günorta we Demirgazyk Amerikadan hem-de Demirgazyk-Gündogar Aziýadan başga dünýäniň hemme ýerlerinde ýaýran. Orta Aziýada we Türkmenistanda – uly derýalaryň jülgeleriniň, oazisleriň we çöllükleriň, deňiz kenarýakasynyň suwbatgalyk ýerleri.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän, göçüp gezýän we gyşlaýan görnüş. Gyşlan ýerinden uçup gitmegi we ýazky uçup geçmegi fewralyň ortasyndan apreliň başyna çenli. Uly göwrümli suw ýataklarda, köllerde, suw joşgunyndan dörän suwlarda we suw howdanlarynda ýaşaýar. Apreliň ortasyndan iýulyň aýagyna çenli köpelýär. Hazar deňziniň kenarýakasynda we onuň kert gaýalarynyň erňeklerinde, tekjelerinde (deňizdäki taşlanan buraw meýdançalarda) koloniýa bolup höwürtgeleýär. Içki suwlarda – adajyklarda we kenarýakada ösen gamyşlaryň guran üýşmekleriniň, kiçiräk gyrymsylaryň üstünde höwürtgeleýär. Höwürtgesi tagaşyksyz, adatça döwlen çybyklaryň böleklerinden duryar, käbir ýerde höwürtgäni köp ýyllap ulanýar. Aprel-maý aýynda 4-6 sany, başgalara garanyňda uly, armyt sypatly ak çyrşakly gögümtil reňkli ýumurtgalary goýýar. Ýaşlary iýulyň aýagynda, awgustyň başynda ganatlaryna galýarlar. Köplenç balyklar, leňňeçler we kiçi leňňeçler bilen iýmitlenýär.

Statusy: adaty, käbir ýerlerde köpsanly görnüş. Höwesjeň awçylaryň aw guşy.

Распространение: ареал мозаичен и разбросан почти по всему миру, за исключением Антарктиды, Южной и Северо-Западной Америки и Северо-Восточной Азии. В Средней Азии и Туркменистане – водно-болотные угодья в долинах крупных рек, в оазисах и пустыне, на морском побережье.

Образ жизни: пролетный, гнездящийся, летующий и зимующий вид. Весенний пролет – с середины февраля до начала апреля. Обитает по разным крупным, реже мелким водоемам, озерам, разливам и водохранилищам. Размножение с середины апреля до конца июля. Гнездится колониально на Каспии – в нишах береговых обрывов побережья (в море даже на пустующих буровых платформах). На внутренних водоемах – на островах и берегах с заломами тростника, небольших кустарниках, изредка на деревьях. Гнезда громоздкие, обычно из обломков веток, в некоторых местах гнезда используются много лет. Кладка в апрелемае, из 4-6 относительно крупных яиц, слегка грушевидной формы и голубоватой окраски с белыми подтеками. Молодые поднимаются на крыло в конце июля, начале августа. Питаются преимущественно рыбой, раками и креветками.

Статус: обычный, местами многочисленный вид. Является объектом любительской охоты.

### 11. Kiçi garajagaz – *Phalacrocorax pygmeus* – Малый баклан

Meýdan alamatlary: garga ölçeginde. **Ululary seýrek damjaşekilli ak tegmilli we ýaşylymtyl öwüşginli goňurrak-gara reňke boýalan**. Kellesi we boýnunyň köp bölegi goňur ýa-da çyparrak-goňur. Jübütleşýän döwründe kellesi we boýny seýrek ak ýelekli gara, çüňki we aýaklary – gara. Ýaş guşlar has açyk, goňurrak, köplenç garny aksowult we bokurdagy açyk reňkli. Sesi gagyldy, hyrlama. Horazlarynyň ganaty – 19.8-20, mäkiýanlarynyňky – 18.5-20.5 sm, agramy – 900-1000 g.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: ölçeginiň kiçidigi we çüňküniň töwereginde ýalaňaç deriniň ýokdugy bilen uly garajagazdan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Günorta-Gündogar Ýewropa, Alynky, Orta Aziýa we Günorta Gazagystan. Türkmenistanda, esasan, Sarygamyşda we Amyderýada, şeýle-de soňky ýyllarda Garagum, Murgap, Tejen derýalarynda, Köpetdagyň eteklerinde, Etrek derýasynyň aşaky akymynda az duşýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän, höwürtgeleýän we gyşlaýan guş. Ýazyna martyň soňunda-aprelde, güýzüne – sentýabr-noýabrda uçup geçýär. Ýaşaýan ýeri edil uly garajagazlaryňky ýaly. Maý-iýulda höwürtgeleýär. Gamyşlaryň döwlen baldaklaryndan toplanan üýşmeklerde, suwda we kenarýakada ýykylan gyrymsylarda, seýrek agaçlaryň üstünde koloniýa bolup höwürtgeleýärler. Höwürtgesi ösümlik sypallaryndan örülen ýarymşar pisintli. 2-8, köplenç 3-5 sany agymtyl ýumurtgalary goýýar. Ýaşlary iýulyň aýagynda uçurym bolýar. Iýmiti maýda balyklar, seýrek ownuk ýerde-suwda ýaşaýanlar ýa-da suw oňurgasyzlary.

Statusy: ýurduň günbatarynda az sanly, günortasynda we gündo-

Полевые признаки: размером с ворону. **Взрослые окрашены в буровато-черный цвет с редкими каплевидными белыми пятнышками и зеленоватым отливом**. Голова и большая часть шеи бурые или рыжевато-бурые. В брачный период голова и шея черные с редкими белыми перьями, клюв и ноги – черные. Молодые птицы более светлые, буроватые, часто с белесым брюшком и светлым горлом. Голос – каркающий, ворчащий. Крыло самцов – 19.8-20, самок – 18.5-20.5 см, вес – 900-1000 г.

Сходства – различия: от большого баклана отличается мелкими размерами и отсутствием голой кожи вокруг клюва.

Распространение: Юго-Восточная Европа, Передняя и Средняя Азия и Южный Казахстан. В Туркменистане, в основном, Сарыкамыш и Амударья, в последние годы также Каракумдарья, Мургаб, Теджен, предгорья Копетдага, заметно меньше по Этреку.

Образ жизни: пролетная, гнездящаяся и зимующая птица. Весной – в конце марта-апреле, осенний – в сентябре-ноябре. Местообитания как у большого баклана. Гнездование в мае-июле. Гнездится колониально на заломах тростника, прибрежных и растущих в воде кустах, реже на деревьях. Гнездо из обломков растений полушаровидной формы. В кладке от 2 до 8, чаще 3-5 беловатых яиц. Молодые становятся летными в конце июля. Рацион питания, в основном, мелкая рыба, редко мелкие земноводные или водные беспозвоночные.

Статус: немногочисленный вид на западе, обычный в южных и восточных частях страны. Численность колеблется, в отдельные годы ста-

garynynda – adaty görnüş. Sany üýtgeýär, aýry-aýry ýyllarda köpsanly, aýratyn-da güýz-gyş döwürlerinde, käbir ýerlerde örän köpsanly (Amyderýada).

новится многочисленным, особенно, в осенне-зимний период, а местами (Амударья) даже очень многочисленным.

### LEGLEKŞEKILLILER – *CICONIIFORMES* – АИСТООБРАЗНЫЕ

Uzyn aýakly, çüňkli we boýunly, orta we uly ölçegdäki guşlar otrýady. Ganatlary inli we kütek uçly. Giň ýaýran, tropik ýurtlarda dürlüligi has ýokary. Koloniýa, seýrek ýekebara bolup, höwürtgeleýär. Mäkiýany we horazy kürk boilup oturýar. Etene çagaly ösüş häsiýetli. Haýwan iýmitini iýýär. Jemi 6 maşgaladan 115 görnüşden durýar, 3 maşgalanyň wekilleri Türkmenistanda gabat gelýär.

Отряд птиц средних и крупных размеров с длинными ногами, клювом и шеей. Крылья широкие, тупые. Распространены широко, наиболее разнообразны в тропиках. Гнездятся колониально, редко одиночно. Насиживают самка и самец. Тип развития птенцовый. Употребляют животные корма. Всего 6 семейств – 115 видов, из которых в Туркменистане встречаются представители 3-х семейств.

### Hokgarlar – *Ardeidae* – Цаплевые

Uzyndan göni çüňkli guşlar maşgalasy. Kenarýakalarynyň jeňňelli we açyk kenarly suw ýataklarynda ýa-da yzgarly ýerlerde ýaşaýar. Haýal uçýar. Agaçlaryň ýa-da gamyş sypallarynyň üýşmekleriniň üstünde koloniýa bolup höwürtgeleýär. Dünýäde 62 görnüş, şolaryň 7-si Türkmenistanda

Семейство птиц с прямым длинным клювом. Обитатели прибрежных зарослей и открытых берегов водоемов, или сырых участков. Полет медленный. Гнездятся в основном колониями на деревьях или заломах тростника. В мире 62 вида, 7 из которых в Туркменистане.

### 12. Hakgeý – *Botaurus stellaris* – Большая выпь

<u>Meýdan alamatlary:</u> uzyndan deşli çüňkli, başgalara garanyňda, gysga aýakly uly hokgar. Kellesi uly, -**boýny ýogyn**. Ýelekleriniň **üsti ýagty tegmilli gara-çypar reňkli**. Aşaky tarapy **çyparrak dik garamtyl tegmilli**. Aýaklary we çüňki ýaşylymtyl-sary. Ganatlary kese çyparrak zolakly garamtyl. Guýrugynyň aşagy agymtyl. Ýaşlary ululáryndan tapawutlanmaýar. Sesi basyk "gümpüldeme", guş bu sesi höwürtgeleýän döwrüňde yzyly yzyna birnäçe gezek, adatça, gijesine gaýtalaýar. Galan döwürde guşuň gödek "kau" sesini eşitmek mümkin. Ganaty – 300-350 mm, horazlarynyň agramy, ortaça, 960, mäkiýanlarynyňky – 860 g.

<u>Meňzeşlikleri–tapawutlary:</u> zyra-zyra çyparrak reňki bilen hokgarlaryň ählisinden tapawutlanýar.

<u>Ýaýran ýerleri:</u> Ýewropa, Aziýa, Afrika. Orta Aziýanyň peslikleriniň hemme ýerlerinde gabat gelýär. Türkmenistanda – Sarygamyşda, Amyderýanyň, Garagum, Murgap, Tejen, Etrek derýalarynyň jülgelerinde duşýar.

<u>Ýaşaýşy:</u> höwürtgeleýär, uçup geçýär we gyşlaýar, olaryň bir böleginiň oturymly bolmagy mümkin. Gamyşlyk suw ýakalarynda ýaşaýar. Adatça, kenarýakada gezýär. Aýratyn jübüt bolup höwürtgeleýär. Höwürtgesi ýerde. 3-6 sany topraksypat-çal reňkli ýumurtgalary goýýar. Gizlin gezýär, gijesine işjeň, gündizine seýrek görünýär. Howp abananda gymyldaman durýar. Balyk, şeýle hem gurbaga, itbalyklary we suw oňurgasyzlary bilen iýmitlenýär.

<u>Statusy:</u> uçup geçende adaty, höwürtgelände – seýrek guş, aw ähmiýeti we balykçylyk hojalygy üçin zyýany ýok.

<u>Полевые признаки</u>: крупная, сравнительно коротконогая цапля с длинным массивным клювом. Голова сравнительно большая, **шея толстая**. Оперение **сверху черно-рыжее со светлыми пестринами**. Низ **рыжеватый с продольными темными пестринами**. Ноги и клюв зеленовато-желтые. Крылья черноватые с поперечными рыжими полосами. Подхвостье беловатое. Молодые не отличаются от взрослых. Голос глухой, как бы «бухающий», который птица в гнездовой период издает несколько раз подряд, обычно в ночное время. В небрачный период можно слышать грубое «кау». Крыло – 300-350 мм, вес самцов, в среднем - 960 г, самок – 860 г.

<u>Сходства – отличия</u>: от всех цапель отличается рыжеватой рябой окраской.

<u>Распространение</u>: Европа, Азия, Африка. В Средней Азии встречается всюду по низменностям. В Туркменистане – на Сарыкамыше, по долинам Амударьи, Каракумдарьи, Мургаба, Теджена, Этрека.

<u>Образ жизни</u>: гнездится, пролетает и зимует, возможно часть особей оседла. Населяет водоемы с зарослями тростника. Держится обычно по берегам. Гнездится отдельными парами. Гнездо на земле. Кладка из 3-6 яиц землянисто-серого цвета. Держится скрытно, активна ночью, на глаза попадается редко. При опасности затаивается. Питается рыбой, а также лягушками, их головастиками и водными беспозвоночными.

<u>Статус</u>: на пролете обычная птица, на гнездовье – редка, охотничьего интереса, отрицательного значения для рыбного хозяйства не представляет.

### 13. Gögebakar – *Ixobrychus minutus* – Малая выпь

<u>Meýdan alamatlary:</u> hokgarlaryň arasynda iň maýdasy, kepderiden kiçi. **Bedeniniň üsti ýaşyl öwüşginli gara reňke boýalan.** Kellesiniň üsti gara, boýny we döşi çyparrak. Gapdallary we boýnunyň yzky tarapy çal. Garnynyň aşagy agymtyl. **Döşüniň gapdallarynyň gyralary çyparrak**

<u>Полевые признаки</u>: самая мелкая из цапель, телом меньше голубя. **Верх тела окрашен в черный цвет с зеленым отливом.** Голова сверху черная, шея и грудь рыжеватые. Бока и задняя сторона шеи серые. Брюшко беловатое. **По бокам груди длинные пучки краснова-**

**gyzgylt - goňur uzyn ýelek desseli.** Ganatlary gülgüne-sary gara uçly. Guýrugy çyparrak-goňur. Çüňki ýaşylymtyl. Barmaklary uzyn. Ýaş guşlar mäkiýanyna çalymdaş. Çüňki sary, aýaklary ýaşylrak-sary. Howp abananda boýnuny we çüňküni ýokaryk süýndürip gymyldaman durýar. Ýeňillik bilen, hat-da gür jeňňellikden ýokary galýar, ýöne basym ýere gonýar. Ganatlaryny ýygy-ýygydan kakyp, çalt uçýar. **Gamyş baldaklaryna ussatlyk bilen dýrmaşýar.** Ýazyna horazynyň sesi basyk, bölekleyin "pumb…pumb", galan wagty ýitiden pert – "ke-ke-ke". Ganaty – 140-150, söbügi – 45-48, çüňki – 47-50 mm.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: **ölçegleriniň has kiçidigi** bilen beýleki hokgarlardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi – Günorta we Orta Ýewropa, Gazagystan, Günbatar Sibiriň günortasy, Orta we Alynky Aziýa, Demirgazyk Hindistan, Afrikanyň günorta bölegi, Günorta-Gündogar Awstraliýa. Orta Aziýanyň ähli peslik böleginde ýaýran. Türkmenistanda – derýalaryň jülgelerinde we Sarygamyşda duşýar. Ondan daşary, dag derýajyklarynyň amatly bolan ýerlerinde hem ýaşaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän guş. Ýazyna mart-aprelde, güýzüne – sentýabr-oktýabrda uçup geçýär. Ýekelikde, gizlin gezýär we gündizine seýrek görünýär. Gyrymsyly we gamyşly jeňňelligi halaýar. Aýratyn jübüt bolup höwürtgeleýär. Höwürtgesini gyşaryp ösen gamyşlaryň, gyrymsylaryň ýa-da agaçlaryň üstünde, ýöne elmydama pes boýly bolanlarynda gurýar. Ol daşky görnüşi boýunça beýleki hokgarlaryň höwürtgesine çalymdaş, ýöne kiçi. 4-5 sany büdür-südir gabykly öçügsi ak ýumurtgalary goýýar, ölçegleri – 23-27 x 32-39 mm. Apreliň soňunda-maý aýynda jüýjeleýär. Olar alagaraňkyda we gijelerine işjeň gezýärler. Maýda balyjaklary, gurbagalary, mörmöjekleri iýýär.

Statusy: adaty guş, aw guşy hasaplanýar, ýöne seýrek awlanýar.

**то-бурых с рыжеватыми краями перьев.** Крылья розовато-желтые с черным концом. Хвост рыжевато-бурый. Клюв зеленоватый. Пальцы длинные. Молодая птица похожа на самку. Клюв желтый, ноги зелено-желтые. При опасности затаивается, вытянув вертикально шею и клюв. Взлетает легко, даже в густых зарослях, но вскоре садится. Полет быстрый с частыми взмахами крыльев. **Прекрасно лазает по ветвям и стеблям тростника**. Голос самца весной – глухое, отрывистое «пумб…пумб», в другое время – резкое «ке-ке-ке». Крыло – 140-150, цевка – 45-48, клюв – 47-50 мм.

Сходства – отличия: от других цапель отличается **очень мелкими размерами**.

Распространение: гнездовая часть ареала – Южная и Средняя Европа, Казахстан, юг Западной Сибири, Средняя и Передняя Азия, Северная Индия, южная половина Африки, Юго-Восточная Австралия. В Средней Азии населяет всю низменную часть. В Туркменистане долины рек и Сарыкамыш. Кроме того, обитает в подходящих местах по горным речкам.

Образ жизни: пролетно-гнездящаяся птица. Весенний пролет – в марте-апреле, осенний – в сентябре-октябре. Держится скрытно, поодиночке и сравнительно редко попадается на глаза. Предпочитает кустарниковые и камышовые заросли. Гнездится отдельными парами. Гнездо – на согнутых стеблях тростника, либо на кустах или даже на деревьях, но всегда низко над землей. По форме похоже на гнезда других цапель, но мельче. Кладка из 4-5 белых с шероховатой матовой скорлупой яиц, размеры 23-27 х 32-39 мм. Птенцы – в конце апреля-мае. Активна в сумерках и ночью. Питается мелкой рыбой, лягушками, насекомыми.

Статус: обычная птица, считается объектом охоты, но добывается редко.



### 14. Kawguş – *Nycticorax nycticorax* – Кваква

Meýdan alamatlary: gargadan sähelçe uly. **Kellesiniň üsti we egni ýaşylymtyl-gök metal öwüşginli gara. Kellesi hüpükli, olaryň 2-3 sanysy aýratyn uzyn bolup, ak reňkli lenta çalymdaş.** Ýaňaklary, boýny, arkasy we guýrugynyň üsti tüssereňk-çal. Maňlaýnyň, gaşynyň, alkymynyň, bokurdagynyň aşagy we bedeniniň aşak tarapynyň galan bölegi ak ýa-da ýeňiljek çalymtyl öwüşginli. Ganatlary we guýrugy goýy-çal. Çüňki gara. Aýaklary gülgüne-goňur. Ýaş guşlaýň üsti goňur, ganatlarynyň we guýrugynyň ýelekleri çal öwüşginde we uçlary ak. Kellesi dik ak zolakly, arkasynyň ýelekleri edil şonuň ýaly zolakly we uçlary agymtyl. Aşaky tarapy ak, çypar we goýy-goňur dik çyzykly. Haýal we ýeňil uçýar. Sesi gaýtalanýan – "kwau-kwau". Uzynlygy – 58-66, ganaty – 28-31 sm, agramy – 500-800 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: görnüşleriň bizde meňzeşi ýok, özüne mahsus reňki bilen ähli hokgarlardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi – Günorta Ýewropa, Kiçi we Orta Aziýa, Hindistan we Günorta-Gündogar Hytaý, Malaý arhipe-

Полевые признаки: немного крупнее вороны. **Верх головы и плечи черные с зеленовато-синим металлическим отливом. На голове небольшой хохол, 2-3 пера которого особенно удлинены и похожи на ленты белого цвета**. Щеки, шея, спина и надхвостье дымчато-серые. Основание лба, бровь, подбородок, горло и весь остальной низ тела – белые или с легким сероватым оттенком. Крылья и хвост темно-серые. Клюв черный. Ноги розовато-бурые. Молодая птица сверху бурая, перья крыльев и хвоста с серым оттенком и белыми концами. Голова с белыми продольными полосками, перья на спине с такими же полосками и беловатыми концами. Нижняя сторона с белыми, рыжими и чернобурыми продольными черточками. Полет медленный, легкий. Голос – повторяющееся «квау-квау». Длина – 58-66, крыло – 28-31 см, вес – 500-800 г.

Сходства-отличия: у нас сходных видов нет, от всех цапель отличается характерной окраской.

Распространение: гнездовая часть ареала – Южная Европа, Малая и Средняя Азия, Индостан, Ин-

lagy, Afrika we Amerikanyň köp bölegi. Orta Aziýanyň dag giňişliklerinden başga hemme ýerlerinde duşýar. Türkmenistanda – Amyderýa, Garagum, Murgap, Tejen, Etrek derýalary. Günorta Amerikada, Günorta Afrikada, Günorta we Günorta-Gündogar Aziýada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän guş. Ýazyna apreliň ortasyndan-may aýynda, güýzüne – sentýabr-oktýabrda uçup geçýär. Suw-batgalyk ýerlerde ýaşaýar. Köplenç suwa golaý ösen agaçlaryň, seýrek gamyş topbaklarynyň üstünde, hokgarlaryň beýleki görnüşleri we garaja gazlar bilen bilelikde koloniýa bolup höwürtgeleýär. Gijesine gezýän guş, ýöne höwürtgeleýän döwri gündizine hem çykýar. 3-5 sany gögümtil-ýaşyl reňkli ýumurtgalary goýýar, ölçegleri – 31-38 x 43-56 mm. Maý aýynda jüýjeleýär. Ýalpak suwlarda ýa-da suwda gezip pidasyny garawullap awlaýar. Aglaba balyklar we gurbagalar, seýrek mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: adaty guş, aw ähmiýeti ýok.

докитай и Юго-Восточный Китай, Малайский архипелаг, Африка и большая часть Америки. В Средней Азии распространена повсюду, за исключением горных областей. В Туркменистане – по крупным рекам – Амударье, Каракумдарье, Мургабу, Теджену, Этреку. Зимует в Южной Америке, Южной Африке, Южной и Юго-Восточной Азии.

Образ жизни: пролетная, гнездящаяся птица. Весенний пролет – с середины апреля - в мае, осенний – в сентябре-октябре. Связана с водно-болотными местообитаниями. Гнездится чаще на деревьях, реже в тростниковых зарослях, обычно недалеко от воды, колониально совместно с другими видами цапель, бакланами. Ночная птица, но в гнездовое время активна и днем. В кладке 3-5 яиц синевато-зеленого цвета. Размеры яиц – 31-38 x 43-56 мм. Птенцы обычно в мае. Кормится, бродя по мелководью, или подкарауливает добычу, стоя в воде. Питается, преимущественно, рыбой и лягушками, реже насекомыми.

Статус: обычная птица, охотничьего значения не имеет.

### 15. Sary hokgar – *Ardeola ralloides* – Желтая цапля

Meýdan alamatlary: kiçiräk hokgar. **Jübütleşme bezeginde kellesi, gapdallary we boýnunyň ýeňsesi sary.** Boýnunyň öň tarapy, petekesi we döşüniň gapdallary açyk-çypar reňkli. Kellesindäki we boýnunyň ýeňsesindäki ýelekleri insiz gara zolakly. **Ýeňsesi uzalan ýeleklerden durýan hüpükli,** olaryň aklarynyň iň uzyny garamtyl zolaga gaýalan. Arkasy çyparrak-goňur reňkli.

Полевые признаки: небольшая цапля. **В брачном наряде голова, бока и задняя сторона шеи желтые**. Передняя сторона шеи, зоб и бока груди ярко-рыжие. Перья на голове и задней стороне шеи с узкими черными полосками. **На затылке хохол из удлиненных перьев,** самые длинные из них белые, окаймленные черноватыми полосками. Спина рыже-бурого



Ganatlarynyň ýokarsy sarymtyl öwüşginli. Guýrugynyň üsti, bokurdagy we aşagy tutuşlygyna sarymtyl ýokundyly. Ganatlarynyň aşagy ak. Çüňki ujuna tarap garalýan çalymtylgök. Gözüniň töweregindäki ýalaňaç deri ýaşyl. Aýaklary açyk gülgüne reňkli. Mäkiýany ölçeginiň kiçidigi we bezeg ýelekleriniň gowşak ösendigi bilen tapawutlanýar. Gyşky ýelek örtüginde boýnundaky ýelekleriň köp böleginiň gyralary goýy-goňur. Ýaş guşlaryň gyşky ýelek örtügi ulularyna çalymdaş, ýöne arkasy dik zolakly. Ganatlaryny seýrek kakyp, haýal uçuşýarlar. Guş uçup barýarka ak bolup görünýär. Sesi – gödek gagyldyly gykylyk. Ganaty – 20.6-23.4, söbügi – 5.9-6.3, çüňki – 6-6.8 sm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: ölçeginiň kiçidigi, üstki taparynyň ýeleklerinde sary reňkiň agdyklyk edýändigi we çüňküniň sarymtylgökdügi bilen müsür hokgaryndan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi bölünip üzülen – Günorta Ýewropada, Kiçi, Alynky we Orta Aziýada, Merkezi we Günorta-Gündogar Afrikada. Türkmenistanda – Sarygamyş, Etrek, Sumbar, Murgap, Tejen derýalarynyň we Amyderýanyň käbir ýerlerinde.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän guş. Ýazky migrasiýasy aprelde, güýzküsi – sentýabrda. Höwürtgesini suw basan ýerleriň ortasyndaky agaçlaryň, gyrymsylaryň, seýrek ýekendir-gamyşlaryň üýşmekleriniň üstünde gurýar. Beýleki hokgarlaryň ýa-da garaja gazlaryň koloniýasynda höwürtgeleýän jübütleriň birnäçesi ýygy-ýygydan duşýar. Maý aýynyň aýagynda 4-6 sany gögümtil-mawy reňkli ýumurtgalary goýýar, ölçeg-

цвета. Крылья сверху с желтоватым оттенком. Надхвостье, горло и весь низ белые с желтоватым налетом. Крылья снизу белые. Клюв серо-голубой, чернеющий к концу. Голая кожа около глаз зеленая. Ноги светло-розовые. Самка отличается меньшими размерами и меньшим развитием украшающих перьев. В зимнем наряде большая часть перьев шеи с черно-бурыми краями. Молодая птица похожа на взрослую в зимнем наряде, но спина с продольными полосками. Полет медленный с редкими взмахами крыльев. В полете птица кажется белой. Голос – грубый каркающий крик. Крыло – 20.6-23.4, цевка – 5.9-6.3, клюв – 6-6.8 см.

Сходства – отличия: от египетской цапли отличается меньшими размерами, преобладанием желтого цвета в оперении верха и желтовато-голубым клювом.

Распространение: гнездовая часть ареала разрознена – в Южной Европе, Малой, Передней и Средней Азии, Центральной и Юго-Восточной Африке. В Туркменистане – местами по Этреку, Сумбару, Мургабу, Теджену, Амударье, Сарыкамыше.

Образ жизни: пролетная, гнездящаяся птица. Весенняя миграция – в апреле, осеняя – в сентябре. Гнездо устраивает на деревьях, кустарниках, среди подтопленных участков, редко на заломах тростника и камыша. Часто – по нескольку гнезд в колониях других цаплевых птиц или бакланов. Яйца в количестве 4-6 сине-голубого цвета в конце мая. Размеры яиц – 27-31 x 35-41 мм. Птенцы – в июне.

leri – 27-31 x 35-41 mm. Iýunda jüýjeleýär. Mör-möjekleriň ululary, suw oňurgasyzlary, gurbagalar bilen iýmitlenýär.

Statusy: seýrek guş, balyk hojalygyna zyýany ýok.

Питается крупными насекомыми, водными беспозвоночными, лягушками.

Статус: редкая птица, для рыбного хозяйства отрицательного значения не имеет.

### 16. Müsür hokgary – *Bubulcus ibis* – Египетская цапля

Meýdan alamatlary: orta ölçegdäki hokgar. Çüňki we boýny başgalara garanyňda gysga, kellesi uly. Umumy reňki ak, emma **ýaz-tomus döwründe kellesindäki, döşündäki we arkasyndaky uzyn bezeg ýelekleri goňurrak-sarymtyl.** Çüňki gyzyl, diňe ujy sary. Ýüzüniň ýalaňaç bölegi gögümtil-ýaşyl. Gözüniň töweregindäki ýalaňaç halka gyzyl. Aýaklary goýy-gyzyl. Emma, gyşyna bezeg ýelekleri ýok. Ýaş guşlar arassa-ak reňkli, diňe kellesiniň üsti goňurrak-çypar, aýaklary goňur, çüňki sary uçly gara. Ýeňil we haýal uçýar. Sesi basyk, gysga gagyldy sesler “korr…korr”. Ganaty – 23.3-25.7 sm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: arkasynyň we döşüniň reňkiniň goňurrak-sary öwüşginlidigi, aýaklarynyň gyzgyltdygy bilen kiçi ak we sary hokgarlardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Günorta-Günbatar Ýewropa, Hazar deňziniň ýakasy, Günorta we Günorta - Gündogar Aziýa we Günorta - Gündogar Awstraliýa, Saharadan başga tutuş Afrikada, Merkezi we Günorta Amerika. Türkmenistanda – käwagt Hazar kenarynda, Etrek, Tejen derýalarynyň jülgelerinde, Merkezi Köpetdagyň dag eteklerinde duşýar.

Ýaşaýşy: höwürtgeleýän guş. Suw-batgalyk ýerlerde, oazisleriň käbir ýerinde ýaşaýar. Aýratyn jübüt bolup, beýleki hokgarlaryň koloniýasynda (gök hokgar, kawguş, kiçi ak hokgar) höwürtgeleýär. Höwürtgesini ýumşak, gury sypallardan we çybyklardan gurýar. 5-7 sany açyk mawumtyl reňkli ýumurtgalary goýýar. Maý aýynda jüýjeleýär. Suwly otluk ýerlerde, batgalyklarda iýmitlenýär. Dürli mör-möjekler, gurbagalar bilen seýrek iýmitlenýär.

Statusy: örän seýrek görnüş, balyk hojalygyna zyýany ýok.

Полевые признаки: цапля средних размеров. Клюв и шея сравнительно короткие, голова сравнительно большая. Общее оперение белое, но в **весенне-летний период на голове, груди и спине – украшающе длинные рассученные перья буровато-желтого цвета.** Клюв красный, а на конце желтый. Голое кольцо вокруг глаз красное. Ноги темно-красные. Но зимой украшающих перьев нет. Молодые птицы чисто-белые, только верх головы коричнево-рыжий, ноги бурые, клюв черный с желтым концом. Полет легкий, медленный Голос – глухой, короткий каркающий звук вроде «корр…корр». Крыло – 23.3-25.7 см.

Сходства – отличия: от малой белой и желтой цапель отличается буровато-желтыми тонами в окраске спины и груди, красноватыми ногами.

Распространение: Юго-Западная Европа, Прикаспий, Южная и Юго-Восточная Азия и Юго-Восточная Австралия, вся Африка, исключая Сахару, Центральная и Южная Америка. В Туркменистане – спорадично в Прикаспии, в долине Этрека, Теджена, предгорьях Центрального Копетдага.

Образ жизни: гнездящаяся птица. Обитатель водно-болотных угодий, местами в оазисах. Гнездится отдельными парами в колонии других цапель (серая цапля, кваква, малая белая цапля). Гнездо – рыхлая постройка из тонких сухих веток и прутьев. Кладка состоит из 5-7 светлых голубоватых яиц. Птенцы обычно в мае. Кормится по лугам, болотам. Питается различными насекомыми, реже лягушками.

Статус: очень редкий вид, для рыбного хозяйства отрицательного значения не имеет.

### 17. Uly ak hokgar – *Casmerodius albus* – Большая белая цапля

Meýdan alamatlary: uly hokgar. **Ýelek örtügi tutuslygyna ak.** Jübütleşme bezeginde arkasynda towy goýberilen uzyn ýelekleri bolýar, olar guýrugyndan yza çykyp, bedeniniň gapdalyndan sallanýar. Bokurdagynyň öň tarapynyň aşaky böleginiň ýelekleri ösgün. **Çüňki sary düýpli gara, gyşyna – sary.** Gözüniň töweregindäki ýalaňaç halka ýaşylymtyl. Aýaklary we barmaklarynyň daş ýüzi gara, içki tarapy – sary. Ýaşlary gyşky bezeginde ulularyna meňzeş. Sesi gödek we boguk gopgun. Ganaty – 41-51, söbügi – 16.5-21.2, çüňki – 11.6-14 sm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: ýelek örtüginiň akdygy bilen beýleki hokgarlardan, ölçegleriniň mese-mälim uludygy bilen kiçi ak hokgardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Günorta Ýewropa, gündogara – Kiçi Aziýadan Gündogar Aziýa çenli, günorta – Aziýanyň tutuş günorta bölegi we Awstraliýa, Afrikanyň Sahara çölüniň günortasy, Merkezi we Günorta Amerika. Orta Aziýada Amyderýanyň aşaky akymynda, Türkmenistanda – Sarygamyşda we beýleki suw ýataklarda

Полевые признаки: крупная цапля. **Оперение полностью белое.** В брачном наряде длинные рассученные перья на спине, которые заходят за хвост и несколько свисают с боков тела**.** На нижней части шеи спереди перья удлинены. **Клюв черный с желтым основанием, зимой желтый**. Голое кольцо вокруг глаз зеленоватое. Ноги и наружная сторона пальцев черные, внутренняя сторона пальцев желтая. Молодые схожи со взрослыми в зимнем наряде. Голос – грубый и хриплый треск. Крыло – 41-51, цевка – 16.5-21.2, клюв – 11.6-14 см.

Сходства – отличия: от других цапель отличается белым оперением, а от малой белой цапли – заметно крупными размерами.

Распространение: Южная Европа, на восток – от Малой до Восточной Азии, на юг – вся южная половина Азии и Австралия, Африка к югу от Сахары, Центральная и Южная Америка. В Средней Азии гнездится в низовьях Амударьи, в Туркменистане – на Сарыкамыше и других крупных водоемах. В

höwürtgeleýär. Suw-batgalyk ýerleriň galan ýerinde uçup geçende we gyşlanda giňişleýin gabat gelýär. Höwürtgeleýän oblastlarynyň günorta böleginde gyşlaýar.

Ýaşaýşy: höwürtgeleýän, uçup geçýän-gyşlaýan guş. Ýazyna martda, güýzüne – oktýabr-noýabrda uçup geçýär. Ýalpak suwly, gamyşlyk, jeňňelli köllerde we haýal akýan derýalarda ýa-da kenarýakasy gür ösen ösümlikli akabalarda koloniýa we aýratyn jübüt bolup höwürtgeleýär. Höwürtgesini geçen ýylky guran gamyş üýşmekleriň, seýrek beýik agaçlaryň üstünde gurýar. Aprelde 3-5 sany ýaşylymtyl-mawy ýumurtgalary goýýar. Iýmiti dürli – balyklar, gurbagalar, maýda gemrijiler we suwulganlar, dürli mör-möjekler.

Statusy: höwürtgeleýän döwründe az sanly, uçup geçende we gyşlanda adaty, Amyderýanyň käbir ýerlerinde köp sanly.

остальных водно-болотных местообитаниях встречается повсеместно на пролетах и зимовке. Зимуют в южных частях гнездовой области.

Образ жизни: гнездящаяся, пролетная и зимующая птица. Весной пролетает в марте, осенью – в октябре-ноябре. Гнездится колониями и отдельными парами по мелководным, заросшим тростником озерам и медленно текущим рекам или протокам с густой прибрежной растительностью. Гнездо – на заломах прошлогоднего тростника, реже на высоких деревьях. Кладка – в апреле, состоит из 3-5 зеленовато-голубых яиц. Пища разнообразна – рыбы, лягушки, мелкие грызуны и ящерицы, различные беспозвоночные.

Статус: на гнездовье немногочисленна, на пролете и зимовке обычна, а по Амударье местами многочисленна.

### 18. Kiçi ak hokgar – *Egretta garzetta* – Малая белая цапля

Meýdan alamaty: uly ak hokgardan takmynan iki esse kiçi. Ýelek örtügi arassa ak. **Ýeňsesinde ýaz döwri iki sany uzyn ýelegi, arkasynda – uzyn insiz towy sökülen ýelekleri bolýar,** olar mäkiýanynda has gowşak ösen. Petekesindäki we eginlerindäki ýelekleri ösgün. Çüňki gara, diňe düýbi sary. Üstki çüňküniň düýbündäki ýalaňaç deri mawumtyl (ýaş guşlarda). Aýaklary gara, barmaklary ýaşylymtyl-sary. Ýaşlarynyň uzyn bezeg ýelekleri ýok. Uçuşy uly hokgarlara garanyňda has çalt. Gykylykçy, sesi gagyldyly – "ark-ark-ark". Ganaty – 26.5-30, söbügi – 8.7-11.3, çüňki – 7.8-9.2 sm.

Полевые признаки: почти вдвое мельче большой белой цапли. Оперение чисто белое. **В весенний период на затылке – два удлиненных пера, а на спине – узкие, длинные рассученные перья**, у самок они развиваются значительно меньше. Перья на зобе и плечах удлинены. Клюв черный, лишь у основания желтый. Голая кожа в основании надклювья – голубоватая (у молодых - желтая). Ноги черные, пальцы зеленовато-желтые. Молодые не имеют длинных украшающих перьев. Полет более торопливый, чем у крупных цапель. Криклива, голос – каркающее «арк-арк-арк». Крыло – 26.5-30, цевка – 8.7-11.3, клюв – 7.8-9.2 см.



Meňzeşlikleri-tapawutlary: ýelek örtüginiň akdygy bilen beýleki hokgarlardan, ölçegleriniň mese-mälim kiçidigi bilen uly ak hokgardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Günorta Ýewropa, Kiçi, Orta, Günorta, Günorta-Gündogar Aziýa, Gündogar Awstraliýa, Täze Zelandiýa, Afrika (Sahara çölünden başga). Orta Aziýada we Türkmenistanda – derýalaryň jülgelerinde we Köpetdagyň eteklerinde duşýar. Höwürtgeleýän oblastlarynyň çäginde, ýöne Günorta Ýewropadan we Orta Aziýadan günortaraga uçup geçip gyşlaýar.

Ýaşaýşy: höwürtgeleýän, bir bölegi gyşlaýan guş. Ýazyna martyň ortasyndan apreliň aýagyna, güýzüne – oktýabr-noýabrda uçup geçýär. Kölleriň we onuň akabalarynyň kenarýakalarynda ösýän gamyşly, gyrymsyly we agaçly ýerlerde beýleki hokgarlar bilen bilelikde koloniýa bolup höwürtgeleýär. Höwürtgesini agaçlaryň, gyrymsylaryň, seýrek gamyş üýşmekleriniň üstünde, düňderilen konus görnüşde, hokgarlara mahsus görnüşde gurýar. 5-6 sany ýaşylymtyl-mawy ýumurtgalary goýýar. Ýalpak suwly kenarýakada, ekin meýdanlarynda we suw basan ýzgarly ýerlerde topar bolup iýmitlenýär. Maýda balyklary, gurbagalary, mör-möjekleri iýýär.

Statusy: az sanly guş.

Сходства – отличия: от других цапель отличается белым оперением, а от большой белой цапли – заметно мелкими размерами.

Распространение: Южная Европа, Малая, Средняя, Южная, Юго-Восточная Азия, Восточная Австралия, Новая Зеландия, Африка, исключая Сахару. В Средней Азии и Туркменистане – в долинах рек и в предгорьях Копетдага.Зимуют в пределах гнездовых областей, но из Южной Европы и Средней Азии отлетают южнее.

Образ жизни: гнездящаяся птица, часть особей зимует. Весенний прилет – с середины марта до конца апреля, отлет – в октябре-ноябре. Гнездится колониями совместно с другими цаплями и бакланами по озерам и протокам с заросшими тростником берегами, с кустарниками и группами деревьев. Гнездо – на деревьях, высоких кустарниках, реже на тростниковых заломах, типичной для цапель формы в виде перевернутого конуса. Кладка из 5-6 зеленовато-голубых яиц. Кормятся группами по мелководьям или на берегу, полях и лугах. Питаются мелкой рыбой, лягушками, насекомыми.

Статус: немногочисленная птица.

### 19. Gök hokgar – *Ardea cinerea* – Серая цапля

Meýdan alamatlary: Bizde duşýan hokgarlaryň arasynda iň ulusy. Boýny we aýaklary uzyn, çüňki uly. **Bedeniniň umumy reňki açyk-çal, boýnundaky we kellesindäki zolaklar ösgün gara hüpükli**, garny

Полевые признаки: наиболее крупная из наших цапель. Шея и ноги длинные, большой клюв. **Окраска, в целом, светло-серая, полосы на шее и голове и удлиненный хохол черные**, брюхо белое.

ak. Gözleri sary. Cüňki we aýaklary sarymtyl-goňur. Agaçlaryň ýa-da kert gaýalaryň bar ýerlerinde gonýar. Ümsüm. Gykylygy, adatça uçup barýarka eşidilýär – garyljyk we gödek “krrrýank”. Bedeni - 90-96, ganaty – 43-49, ganatlarynyň gerimi – 175-195 sm, agramy – 1-2.1 kg.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: beýleki hokgarlardan umumy reňkiniň açyk-çaldygy bilen tapawutlanýar. Uçup barýarka boýnunyň egriliginiň S harp görnüşdedigi bilen durnalardan we legleklerden anyk tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Ýewraziýa (taýga we tundradan başgalary) we Afrika (Sahara çölünden başgalary). Orta Aziýada we Türkmenistanda derýalaryň jülgelerinde we suwbatgalyk ýerlerde. Arealynyň demirgazyk böleginden guşlar Ortaýer deňzinde, Kawkazda, Kiçi, Alynky Aziýada, Orta we Günorta Aziýanyň günortasynda, şeýle hem Afrikada, oturymly guşlar bilen bilelikde gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup gelýän-gyşlaýan we bölekleýin höwürtgeleýän guş. Ýazyna martda, güýzüne – sentýabr-oktýabrda uçup geçýär. Suw howdanlaryň ulularynda (Sarygamyş we başg.) ýekebara ýa-da kiçiräk koloniýa bolup, gamyşlyk, jeňňelli ýerde ösen agaçlaryň ya-da ýylgynlaryň üstünde höwürtge gurýar. Höwütgesi gelşiksiz we konusşekilli uly. Aprelde 3-5 sany ýaşylymtyl-gök ýumurtgalary goýýar. Iýunda jüýjeleri çykýar. Kiçiräk balyklary, gurbagalary, mör-möjekleri iýýär.

Statusy: höwürtgeleýän döwründe az sanly, gyşlaýan döwründe, aýratyn-da uçup geçende adaty.

Глаза желтые. Клюв и ноги желто-бурые. При наличии деревьев или высоких обрывов охотно садится на них. Молчалива. Крик – хриплое и грубое «кррряннк», обычно в полете. Тело – 90-96, крыло – 43-49, размах крыльев – 175-195 см, вес – 1-2.1 кг.

Сходства – отличия: от других цапель отличается общей светло-серой окраской. От журавлей и аистов в полете хорошо отличается изгибом шеи в виде буквы S.

Распространение: широкое – Евразия (кроме тайги и тундр) и Африка (кроме Сахары). В Средней Азии и Туркменистане по долинам рек и водно-болотным угодьям. Птицы из северных частей ареала зимуют в Средиземноморье, на Кавказе, Малой, Передней, на юге Средней и в Южной Азии, а также Африке, вместе с оседлыми особями.

Образ жизни: пролетная, зимующая и частично гнездящаяся птица. Весенний пролет в марте, осенний – в сентябре-октябре. Гнездятся у крупных водоемов (Сарыкамыш и др.) одиночно или небольшими колониями на деревьях (туранга) или кустах гребенщика, в тростниковых зарослях. Гнездо рыхлое и крупное, конусообразное. Кладка в апреле, состоит из 3-5 зеленовато-голубых яиц. Молодые в июне. Питается, как и другие цапли, небольшой рыбой, лягушками, насекомыми.

Статус: на гнездовье немногочисленна, на зимовке и, особенно на пролете обычна.



## 20. Çypar hokgar – *Ardea purpurea* – Рыжая цапля

Meýdan alamatlary: barmaklary, boýny örän uzyn we inçelen çüňkli, beden gurluşy gelşikli bolan uly hokgar. **Üsti gök, aşaky tarapy çypar, boýny hem çypar, ýöne dik gara zolakly.** Hüpüginiň deregine iki sany uzyn sapakşekilli ýelekleri bolýar. Gözleri sary. Çüňki we aýaklary sarymtyl-goňur. Sesi edil gök hokgaryňky ýaly, ýöne beter gaty däl. Bedeni - 78-90, ganatlarynyň gerimi – 120-150 sm, agramy – 0.57-1.47 kg.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: uly ak hokgardan ölçegleri ulurak, ýöne gök hokgardan maýda, döşüniň, boýnunyň we kellesiniň çypar reňki boýunça beýleki hokgarlardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi Günorta we Günorta-Gündogar Ýewropany, Ortaýer deňzini, Kiçi, Alynky, Orta, Gündogar we Günorta-Gündogar Aziýany, Merkezi, Gündogar we Günorta Afrikany öz içine alýar. Orta Aziýada we Türkmenistanda giň meýdanly suw-batgalyk ýerlerde, uçup geçende ýaýraň duşýar. Guşlaryň köp bölegi Afrikada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän, käbir ýyllarda bölekleýin gyşlaýan görnüş. Ýazyna martda, güýzine – oktýabr-noýabrda uçup geçýär. Ösümlige baý bolan suw howdanlarda höwürtgeleýär. Höwürtgesi edil gök hokgaryňky ýaly – gelşiksiz, konusşekilli, esasan, gamyş küdeleriniň we ýylgynlaryň üstünde, ýöne agaçlaryň üstünde däl. Adatça, 4-5 sany ýaşylymtyl-gök ýumurtgalary goýýar. Iýmiti – maýda balyklar, gurbagalar, suw ýylanlary,

Полевые признаки: крупная цапля изящного телосложения, с очень длинными пальцами, шеей и утонченным клювом. **Сверху серая, снизу рыжая, шея тоже рыжая, но с черными продольными полосами.** Вместо хохолка – два длинных нитеобразных пера. Глаза желтые. Клюв и ноги желтовато-бурые. Голос как у серой цапли, но не столь громкий. Тело – 78-90, размах крыльев – 120-150 см, вес – 0.57-1.47 кг.

Сходства – отличия: размерами крупнее большой белой, но мельче серой, по цвету от других цапель отличается рыжей окраской груди, шеи и головы. На деревья, как серая цапля, не садится.

Распространение: гнездовая часть ареала охватывает Южную и Юго-Восточную Европу, Средиземноморье, Малую, Переднюю, Среднюю, Восточную и Юго-Восточную Азию, Центральную, Восточную и Южную Африку. В Средней Азии и Туркменистане – по крупным водно-болотным угодьям, на пролете шире. Зимует большей частью в Африке.

Образ жизни: пролетный, гнездящийся вид, частично, в отдельные годы зимующий. Весной пролетает в марте, осенью – в октябре-ноябре. Гнездится по водоемам с богатой прибрежной растительностью. Гнездо как у серой цапли – рыхлое конусовидное, в основном на заломах тростника и в гребенщике, не на деревьях. В гнезде, обычно, 4-5 зеленовато-голубых яиц. Питание – мелкая рыба, лягушки, водяные

maýda gemrijiler, mör-möjekler.

Statusy: höwürtgeleýän döwründe az sanly, uçup geçende adaty, ýöne uly ak we gök hokgarlardan seýrek.

ужи, мелкие грызуны, насекомые.

Статус: на гнездовье немногочисленна, на пролете обычна, но реже большой белой и серой цапель.

### Gamaburunlylar– *Ibididae* – Ибисовые

Çüňki uzyn, göni we giňelen uçly ýa-da aşaklygyna egmek guşlar maşgalasy. Adatça kellesiniň bir bölegi, käte boýny açyk reňke boýalan. Agaçlaryň ýa-da gaýalaryň ýa-da suw ýataklaryň we batgalyklaryň kenarlarynda ösýän gamyşlaryň üstünde koloniýa bolup höwürtgeleýär. Jemi 32 görnüş, şolaryň 2-si Türkmenistanda.

Семейство птиц с длинным клювом, прямым и расширенным на конце, или изогнутым книзу. Часть головы, иногда и шея, обычно ярко окрашены. Гнездятся колониально, на деревьях или скалах, или в тростнике по берегам водоемов и болот. Всего 32 вида, из них в Туркменистане 2 вида.

### 21. Kaşykburun – *Platalea leucorodia* – Колпица

Meýdan alamatlary: uzyn aýakly we boýunly uly guş. **Ýelek örtügi ak, diňe depesindäki hüpügi we petekesindäki tegmili açykçypar reňkli.** Alkymy we çüňküniň düýbüniň töweregindäki halka ýalaňaç, sary reňkli. **Çüňki uzyn, ýasy, ujy giňelen kepje görnüşli.** Gyşda onuň kellesinde hüpük bolmaýar. Ýaş guşlarda hem hüpük ýok. Ganatlarynyň uçlary gara, çüňki çalymtyl. Ümsüm gezýär, onuň hüňürdili sesi, diňe höwürtgäniň golaýynda eşidilýär. Ganaty – 37-41 sm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: çüňküniň görnüşiniň aýratynlygy bilen hokgarlardan, durnalardan we legleklerden tapawutlanýar.

Ýayran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän oblastlary aýry-aýry bölekli – Günorta we Günorta-Gündogar Ýewropa, Orta, Merkezi we Gündogar Aziýanyň günorta-gündogary, Hindistan we Afrikanyň demirgazyk-gündogar çetleri. Türkmenistanda – uçup geçende derýa jülgelerine, Hazaryň kenaryna ýakyn çekilýär. Günorta-Gündogar Hytaýda, Hindistanda, Pars aýlagynyň gündogar kenarynda, Gyzyl we Ortaýer deňizleriniň günbatarynda, Nil derýasynyň jülgesinde gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän guş, höwürtgelemegi hem mümkin. Ýazky migrasiýasy dowamly fewral-martdan maý aýyna, güýzküsi – sentýabr-oktýabr aýlarynda. Uly köllerde we suw akan ýerlerde ýaşaýar. Höwürtgesi gamyşlaryň arasynda, seýrek agajyň üstünde; hokgarlar, garaja gazlar, gamaburunlar bilen bilelikde koloniýa bolup höwürtgeleýär. 3-5 sany goňur menekli ak ýumurtgalary goýýar, ölçegleri – 58-75 x 41-45 mm. Adatça, iýunda jüýjeleýär. Suwda gezýän dürli jandarlary – maýda balyklary, mör-möjekleri we olaryň liçinkalaryny, balykgulaklary, leňňeçleri iýýär. Ýygy-ýygydan gurbagalary, seýrek – suwulganlary tutýar.

Statusy: seýrek görnüş, Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen.

Полевые признаки: крупная птица с длинными ногами и шеей. **Оперение белое, только хохол на затылке и пятно на зобе светло-рыжие**. Подбородок и кольцо вокруг основания клюва голые, желтого цвета. **Клюв длинный, плоский, расширенный на конце в виде лопатки.** Зимой на голове нет хохла. У молодых птиц хохол также отсутствует. Концы крыльев черные, клюв сероватый. Молчаливая птица, ее голос, напоминающий ворчание, слышен только у гнезд. Крыло – 37-41 см.

Сходства – отличия: от цапель, журавлей и аистов отличается характерной формой клюва.

Распространение: в гнездовой области ареала пятнистое – Южная и Юго-Восточная Европа, юго-восток Средней, Центральная и Восточная Азия, Индостан и крайний северо-восток Африки. В Туркменистане на пролете тяготеет к долинам рек, каспийскому побережью. Зимует в Юго-Восточном Китае, Индии, по восточному побережью Персидского залива, западному Красного и южному Средиземного моря, в долине Нила.

Образ жизни: пролетная птица, не исключено, что у нас гнездится. Весенняя миграция – растянута с февраля-марта по май, осенняя – в сентябре-октябре. Обитает по крупным озерам и разливам. Гнезда – в зарослях тростника, реже на деревьях. Гнездится колониями, часто совместно с цаплями, бакланами, каравайками. В кладке 3-5 белых с коричневыми пятнами яиц. Размеры 58-75 x 41-45 мм. Птенцы обычно в июне. Питается разнообразными водными животными – мелкой рыбой, насекомыми и их личинками, моллюсками, рачками. Нередко ловит лягушек, иногда ящериц.

Статус: редкий вид, внесен в Красную книгу Туркменистана.

### 22. Gamaburun – *Plegadis falcinellus* – Каравайка

Meýdan alamatlary: uly garga ölçegli, uzyn aýakly guş. Uzyn **çüňküniň ujy aşaklygyna egmek.** Jübütleşme bezeginde, ýazyna, bedeniniň üstki tarapy metal öwüşginde poslurak - goňras - goňur reňke boýalan. Guýrugynyň aşagy gara. Çüňki we kellesiniň ýalaňaç bölegi (gözüniň töweregindäki halka we alkymy) ýaşylymtyl-goňurrak. Aýaklary ýaşylymtyl-gara. Bedeniniň aşagy gyzgylt-goňurrak. Kellesi we boýnunyň üstki böleginiň ýelekleri gyşky örtükde ak gaýmaly

Полевые признаки: размером с крупную ворону на высоких ногах. **Длинный клюв изогнут книзу.** Весной в брачном наряде окрашена в ржаво-каштаново-бурый цвет с металлическим отливом верхней стороны. Подхвостье черное. Клюв и голые части головы (кольцо вокруг глаз и подбородок) зеленовато-буроватые. Ноги зеленовато-черные. Низ тела красновато-коричневый. В зимнем наряде голова и верхняя часть шеи землисто-бурые с белыми каемками

toprakpisint-goňur. Ýaş guşlaryň gyşky ýelek örtüginde metal öwüşgini has gowşak ösen. Sesi – boguk, basyk owaz. Ganaty – 26.4-30.6, söbügi – 8.5-10.3, çüňki – 10-14.5 sm, agramy – 530-768 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: häsiýetli goýy-goňur reňki bilen tapawutlanýar. Ululygy we sypaty uly ýylkyça çalymdaşlyk edýär, ýöne ondan garamtyl-goňras reňkli. Uçýan wagty kütek ganatlydyklary bilen tapawutlanýar.

Ýayran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi tegmilleýin – Günorta Ýewropa, Kiçi, Alynky we Orta Aziýa, Hindistanyň we Hindi-Hytaýyň demirgazyk bölegi, Awstraliýa, Merkezi we Günorta-Gündogar Afrikanyň käbir ýerlerinde, Demirgazyk we Merkezi Amerikanyň günorta-gündogar kenarynda. Orta Aziýada we Türkmenistanda – uly derýalaryň jülgelerinde we köllerde, Hazaryň kenarynda duşýar. Höwürtgeleýän ýerleriniň çäginde, Ýewropadan başgasynda, Günorta-Günbatar we Orta Aziýada, ol ýerden günortaraga uçup gidip gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän, käbir ýerlerde höwürtgeleýän guş. Ýazyna mart-maýda, güýzüne – sentýabrda uçup geçýär. Aprel-maý aýlarynda höwürtgeleýär. Başy döwlen gamyş üýşmeklerinde, agaçlarda, jeňňelli ýerlerde, köplenç hokgarlar, garaja gazlar bilen bilelikde koloniýa bolup höwürtgeleýär. 3-5 sany açyk-mawy reňkli ýumurtgalary goýýar, ölçegleri – 33-58 mm. Adatça, kiçiräk süri bolup gezýär. Ýalpak suwly gyrmançaly ýerlerde iýmitlenýär. Suwdaky mörmöjekleri, balykgulaklary, itbalyklary, maýda gurbagajyklary we balyklaryň liçinkalaryny iýýär.

перьев. У молодой птицы в зимнем оперении металлический блеск развит еще меньше. Голос – хриплый, глухой звук. Крыло – 26.4-30.6, цевка – 8.5-10.3, клюв – 10-14.5 см, вес 530-768 г.

Сходства – отличия: отличается характерной темно-коричневой окраской. Величиной и сложением напоминает большого кроншнепа, но отличается от него темной окраской, а в полете еще и тупыми крыльями.

Распространение: гнездовая часть ареала пятнистая – Южная Европа, Малая, Передняя и Средняя Азия, северные части Индостана и Индокитая, Австралия, местами в Центральной и Юго-Восточной Африке, юго-восточное побережье Северной и Центральная Америка. В Средней Азии и Туркменистане – по крупным речным долинам и озерам, каспийское побережье. Зимуют в пределах гнездовых областей, за исключением Европы, Юго-Западной и Средней Азии, откуда отлетают южнее.

Образ жизни: пролетная, у нас местами гнездящаяся птица. Весенний пролет – в марте-мае, осенью – в сентябре. Гнездование в апреле-мае. Может гнездиться на заломах тростника, деревьях, в тугаях, колониями, часто совместно с цаплями, бакланами. Кладка из 3-5 ярко-голубых яиц, размеры – 33-58 мм. Держатся обычно небольшими стаями. Кормятся по илистым мелководьям. Питание – водные насекомые, моллюски, головастики, мелкие лягушки и мальки рыб.

Статус: немногочисленная, на пролете местами обычная птица,



Statusy: az sanly, käbir ýerde uçup geçende adaty guş, aw ähmiýeti ýok.

охотничьего значения не имеет.

### Leglekler – *Ciconiidae* – Аистовые

Çüňki ýeterlik daýaw, göni we uzalan ýa-da sähelçe ýokarlygyna ýa-da aşaklygyna egmek guşlar maşgalasy. Ganatlary inli we uzyn. Görnüşleriniň köpüsi sessiz (mysal üçin, ak leglek), ýöne çüňklerini biri-birine urup, şarkyldy sesleri çykarýarlar. Agaçlaryň ýa-da adamyň guran desgalarynyň üstünde höwürtgeleýärler. Höwürtgelänlerinden soň ýygy-ýygydan süra toplanýarlar. Jemi 17 görnüş, şolaryň 2-si Türkmenistanda.

Семейство птиц с достаточно мощным клювом, прямым и удлиненным, или слегка загнутым кверху, или книзу. Крылья широкие и длинные. Большинство видов (например, белый аист) безголосы, но издают трескучие звуки, щелкая клювом. Гнезда на деревьях или строениях человека. После гнездования часто собираются в стаи. Всего 17 видов, из них в Туркменистане – 2 вида.

### 23. Ak leglek – *Ciconia ciconia* – Белый аист

Meýdan alamatlary: uzyn aýakly uzalan çüňkli uly guş. Boýny uzyn. Ýelek örtügi aglaba ak. **Ganatlarynyň uçlary ýalpyldyly, gara. Çüňki we aýaklary gyzyl.** Gözüniň töweregindäki ýalaňaç deri we alkymynyň öňki bölegi gara. Mäkiýany horazyndan biraz kiçiräk, ýöne reňkleri boýunça tapawutlanmaýarlar. Ýaş guşlar ulularyna çalymdaş, ýöne gara öwüşgini goňurrak, eginlerindäki çalymtyl ýokundy güýçlüräk ösen. Çüňki we aýaklary goýy-goňur. Ümsüm. Ganaty - 55-60 sm, agramy – 4 kg golaý.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: özüni alyp barşy we uçuşy bilen gara leglege çalymdaşlyk edýär, ýöne onuň reňki ak; ganatlaryndaky ikinji tertipdäki pelpelleýji ýelekleriniň garadygy bilen ak durnadan tapawutlanýar.

Ýayran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi – Merkezi we Günorta Ýewropa, Zakawkazýe, Kiçi, Alynky Aziýa we Orta Aziýanyň günorta-gündogary, Afrikanyň demirgazyk-günbatar çetleri we günortasy. Hindistan-

Полевые признаки: крупная птица с удлиненным клювом, на высоких ногах. Шея длинная. Оперение преимущественно белое. **Концы крыльев блестящие, черные. Клюв и ноги красные.** Голая кожа вокруг глаз и передняя часть подбородка черные. Самки несколько меньше самцов. Молодые птицы похожи на взрослых, но черный тон с буроватым оттенком, на плечах сероватый налет развит сильнее. Клюв и ноги темно-бурые. Молчалив. Крыло – 55-60 см, вес – около 4 кг.

Сходства – отличия: повадками и полетом похож на черного аиста, но отличается белой окраской; а от белого журавля – черными второстепенными маховыми перьями крыла.

Распространение: гнездовая часть ареала – Центральная и Южная Европа, Закавказье, Малая, Передняя и юго-восток Средней Азии, крайние северо-запад и юг Африки.

da, Merkezi we Günorta-Gündogar Afrikada gyşlaýar. Türkmenistanda Amyderýanyň orta akymyda, Murgap, Tejen, Etrek we Sumbar derýalarynyň aşaky akymlarynda duşmagy ahmal.

Ýaşaýşy: uçup geçýän, bizde döwürde höwürtgelän guş. Ýazyna mart-aprelde, güýzüne – sentýabr - oktýabrda uçup geçýär. Gurbagalary, itbalyklary, balyklary, mörmöjekleri, balykgulaklary, süýrenijileri, ýumurtgalary we jüýjeleri, maýda gemrijileri – syçanlary, alakalary, şeýle-de beýleki guşlaryň ýumurtgalaryny iýýär.

Statusy: bizde örän seýrek, Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizmäge mynasyp guş.

Зимуют в Индостане, Центральной и Юго-Восточной Африке. В Туркменистане не исключены встречи на средней Амударье и в низовьях Этрека (была попытка гнездиться), Сумбара, Мургаба, Теджена.

Образ жизни: пролетная, в прошлом гнездящаяся у нас птица. Весенний пролет – в марте-апреле, осенний – в сентябре-октябре. Питается лягушками, головастиками, рыбой, насекомыми, моллюсками, пресмыкающимися, их яйцами, мелкими грызунами – мышами, крысами, а также яйцами и птенцами других птиц.

Статус: очень редкая у нас птица, рекомендуется для занесения в Красную книгу Туркменистана.

### 24. Gara leglek – *Ciconia nigra* – Черный аист

Meýdan alamatlary: ölçegi we daşky görnüşi ak leglege çalymdaş, ýöne has gelşikli. Uly guşlaryň **kellesi, boýny, petekesi, bedeniniň üstki tarapy we guýrugy goýy-ýaşyl we gyzylymtyl - gök metal ýalpyldyly gara.** Döşi, garny, guýrugynyň, ganatlarynyň aşagy ak. **Gözüniň töweregindäki ýalaňaç halka, çüňki we aýaklary gyzyl.** Ýaşlarynyň ýelek örtüginiň metal ýalpyldysy gowşak ösen. Kellesi, boýny, döşi, ganatlarynyň üsti we guýrugynyň aşagy alabeder, ýagty menekler bilen bezelen. Çüňki we aýaklary çalymtyl-goňur-ýaşylymtyl. Uçup barýan guşuň umumy keşbi – ganatlary inli, uzyn aýaklary yza gönelen, boýny öňe süýnmek. Sesi pessaýja owazlar – "çe-li" ýa-da "çi-lii". Ganaty – 52-60 sm, agramy - 3 kg golaý.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: häsiýeti we uçuşy ak leglege çalymdaş,

Полевые признаки: размером и обликом как белый аист, но выглядит стройнее. У взрослой птицы **голова, шея, зоб, верхняя сторона тела и хвост черные с темнозеленым и красновато-фиолетовым металлическим блеском.** Грудь, брюхо, подхвостье, испод крыла белые. **Голое кольцо вокруг глаз, клюв и ноги красные**. У молодых металлический блеск в оперении развит слабо. Голова, шея, грудь, крылья сверху и подхвостье испещрены светлыми крапинками. Клюв и ноги серо-буро-зеленые. Общий облик летящей птицы – широкие крылья, откинутые назад длинные ноги, шея вытянута. Голос – негромкие звуки «че-ли» или «чилии». Крыло – 52-60 см, вес – около 3 кг.

Сходства – отличия: поведением и полетом похож на белого



ýöne kellesiniň, boýnunyň, arkasynyň we guýrugynyň gara reňki bilen tapawutlanýar.

Ýayran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi tegmilleýin – Ýewropa, esasan-da Merkezi we Gündogar, Günorta-Gündogar Gazagystan, Günorta Sibir, Baýkalaňrysy, Kiçi, Alynky, Merkezi we Gündogar Aziýa, Orta Aziýanyň günortasy. Merkezi Aziýada – daglyklar. Türkmenistanda Köpetdagda, Bathyzda we Köýtendagda höwürtgeleýär. Uçup geçişi giňişleýin – derýalaryň jülgeleri we dag etekleri.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän we gyşlaýan guş. Dagda barmasy kyn bolan ýerlerde, esasan, gaýalarda we beýik agaçlarda höwürtgeleýär. Höwürtgesi uly we ýyrtyjy guşlaryňky ýaly gelşiksiz. Maý-iýunda 3-5 sany kirliräk-ak reňkli ýumurtgalary goýýar. Köplenç balyk bilen iýmitlenýär. Iýmit gözlegine uçan guşlaryň dag eteklerinde gabat gelmegi mümkin.

Statusy: seýrek görnüş, Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen. Köpetdag we Köýtendag döwlet goraghanalarynyň guşlarynyň iň täsin wekilleriniň biri.

аиста, но отличается черной окраской головы, шеи, спины и хвоста.

Распространение: гнездовая часть ареала пятнистая – Европа, в основном, Центральная и Восточная, Юго-Восточный Казахстан, Южная Сибирь, Забайкалье, Малая, Передняя, юг Средней, Центральная и Восточная Азия. В Средней Азии – горные части. В Туркменистане гнездится в Копетдаге, Бадхызе и Койтендаге. На пролете – шире – по долинам рек и предгорьям.

Образ жизни: пролетная, гнездящаяся и зимующая птица. Гнездится в горах в недоступных местах, в основном на скалах и деревьях. Гнездо массивное и грубое как у хищных птиц. Яйца грязно-белого цвета в количестве 3-5 в мае-июне. Питается, преимущественно, рыбой. На кормовых вылетах может попадаться и в предгорьях.

Статус: редкий вид, внесен в Красную книгу Туркменистана. Один из наиболее интересных представителей птиц Койтендагского и Копетдагского государственных заповедников.

## GYZYLGAZŞEKILLILER – *PHOENICOPTERIFORMES* – ФЛАМИНГООБРАЗНЫЕ

Suw - batgalyk guşlar otrýady. Uly ölçegli (göwresi gaz ýaly), boýny we aýaklary uzyn. Söbügi injiginden iki esse diýen ýaly uzyn, öňki üç barmagynyň aralary ýüzgüç perdeli, yzky barmagy örän ujypsyz ýa-da düýbünden ýok. Kellesi kiçiräk, çüňki daýaw we ýognan dyzpisint egmek, gazşekilliler ýaly süzgüç abzally. Ýelek örtügi ýumşak, reňki ýaşyna

Отряд водно-болотных птиц. Размеры крупные (туловище размером с гуся), шея и ноги длинные. Цевка длиннее голени почти в два раза, три передних пальца соединены плавательной перепонкой, задний редуцирован или отсутствует совсем. Голова небольшая, клюв массивно-утолщенный коленно-изогнутый, с цедильным




**Guşlaryň uçup barýarka görnüşi**: 1 – durna; 2 – hokgar; 3 – gamaburun; 4 – ak leglek; 5 – gyzyl gaz; 6 – kaşykburun; 7 – gara leglek.
**Птицы в полете**: 1 - журавль; 2 - цапля; 3 - каравайка; 4 - белый аист; 5 - фламинго; 6 - колпица; 7 - черный аист.



bagly. Dünýä faunasynda bir maşgala *(Phoenicopteridae)*, 6 görnüş, Ýewropada, Aziýada, Afrikada we Amerikada ýaýran. Türkmenistanda 1 görnüş.

аппаратом как у гусеобразных Оперение рыхлое, цвет зависит от возраста. В мировой фауне одно семейство *(Phoenicopteridae)* с 6 видами, распространенные в Европе, Азии, Африке и Америке. В Туркменистане – 1 вид.

### 25. Gyzyl gaz – *Phoenicopterus roseus* – Обыкновенный фламинго

Meýdan alamatlary: **aýaklary we boýny örän uzyn**, kellesi kiçi, **ýogyn egmek häsiýetli bolan çüňkli guş. Ulularynyň ýelek örtügi, pelpelleýiş ýelekleriniň gara reňkine ters gelýän agymtyl-gülgüne öwüşgini bilen tapawutlanýar.** Uçan wagty ganatlary gyzyl-gülgüne bolup görünýär. Aýaklary, çüňküniň düýbi, gözüniň töweregindäki deri örtügi gülgüne. Çüňkiniň ujy gara, gözleri sary. Ýaş guşlar (üç ýaşyna çenli) kirliräk-çal ýa-da goňurrak-çal, guýrugy – çetki ýelekleri garamtyl zolakly ak. Çüňki we aýaklary goýy-çal ýa-da gara diýen ýaly. Ulularynyň boýnunyň beýikligi 1,5 m geçýär. Ganaty – 43.5-49 sm, horazlarynyň agramy – 3.9-4.4, mäkiýanlarynyňky –1.9-2.4 kg.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: görnüşleriň meňzeşi ýok, häsiýetli alamaty, aýratyn-da çüňki we reňki bilen aňsat tanalýar.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän oblastlary dürli-dürli: Ortaýer deňzi, Günbatar, Gündogar we Günorta Afrika, Merkezi Amerika, Alynky Aziýa we Merkezi Gazagystan. Uçup geçişi giňişleýin, Ýewraziýanyň we Afrikanyň köp raýonlarynda duşýar. Gyşlaýan ýerleri hem bölünen – Afrikanyň we Arabystanyň kenarýakalary, Merkezi Amerika, Hindistan. Türkmenistanda, köplenç, Hazaryň kenarýakasynda

Полевые признаки: **высокорослая птица с очень длинными ногами и шеей**, небольшой головой и **толстым клювом с характерным изгибом. Оперение взрослых беловато-розовое различных оттенков, контрастирующее с черными маховыми перьями**. Крылья в полете выглядят красно-розовыми. Ноги, клюв в основании, кожа вокруг глаз розовые. Конец клюва черный, глаза желтые. Молодые птицы (до трех лет) грязновато-серые или буровато-серые, хвост белый с темной полосой по краю. Клюв и ноги темно-серые или почти черные. В высоту взрослые самцы превышают 1,5 м. Крыло – 43.5-49 см, вес самцов – 3.9-4.4, самок – 1.9-2.4 кг.

Сходства – отличия: сходных видов нет, легко отличаются характерным строением, особенно клювом и окраской.

Распространение: гнездовая область мозаична: Средиземноморье, в Западной, Восточной и Южной Африке, Центральной Америке, Передняя Азия и Центральный Казахстан. На пролете – шире, во многих районах Евразии и Африки. Места зимовок также разорваны – на побережьях Африки и Аравии, Центральной Америки, Индостана. В Туркменистане, преимуществен-

we seýrek içki suw ýataklarynda saklanýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän, käte uçup gezýän we gyşlaýan guş. Ýazyna mart-maý aýlarynda uçup geçýär, uçup gezýänleri – iýun-awgustda gabat gelýär. Güýzüne – sentýabr-noýabrda uçup geçýär. Hazar deňziniň ýalpak suwly ýerlerinde durnukly ýaşaýar, çendenaşa sowuk ýyllarda olar ýene-de gaýdyp geler ýaly günorta tarap göçýärler. Maýda suw oňurgasyzlary bilen iýmitlenýär.

Statusy: adaty, käbir döwürlerde gyş sany kesgitli üýtgeýän köpsanly görnüş, Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen. Hazar döwlet goraghanasynyň iň täsin görnüşleriniň biri we onuň nyşany hasap edilýär.

но, на побережье Каспия и реже на внутренних водоемах.

Образ жизни: пролетная и зимующая, изредка летующая птица. Весенний пролет в марте-мае, летующие – в июне-августе. Осенью – в сентябре-ноябре. В обычные зимы встречаются на мелководьях Каспия постоянно, в экстремально холодные наблюдаются их откочевки еще южнее с последующими возвращениями. Питаются мелкими водными беспозвоночными.

Статус: обычный, в некоторые зимы многочисленный вид с резкими колебаниями численности, внесен в Красную книгу Туркменистана. Является одним из наиболее интересных видов и символом Хазарского государственного заповедника.

## GAZŞEKILLILER – *ANSERIFORMES* – ГУСЕОБРАЗНЫЕ

Ýaşaýşynyň köp bölegi suw ýataklary bilen baglanyşykly guşlaryň uly otrýady. Olara häsiýetli – guwlar, gazlar, ördekler. Guşlar maýyşgak ýelek örtükli bolup, onuň aşagynda dykyz sütük ýelekleri ýerleşýär. Reňki, aglaba boýaglaryň özgeren garşylykly reňkleriniň görnüşleri. Ölçegleri boýunça, esasan, orta we uly, boýny başgalara garanyňda uzyn we aýaklary gysga, olaryň öňki barmaklarynyň arasy ýüzgüç perdesi bilen birleşýär. Çüňki, düzgün bolşy ýaly, gysgalan we ýokarsyndan aşaklygyna basylan, onuň gyralarynyň içki tarapy suwy süzmäge gatnaşýan köpsanly gyllyrgynjyklar bilen örtülen. Kenarýakalarynyň jeňňelli ýa-da ýalpak suwly dürli suw ýataklaryň giňişliklerinde ýaşaýarlar we oňat ýüzýärler. Kenarýakalarynyň jeňňel-

Обширный отряд птиц, связанных большей частью с водоемами. Облик характерный – лебединый, гусиный, утиный. Оперение упругое, под перьевым покровом плотный пуховой покров. Окраска чаще контрастная с различными цветовыми вариациями. По размерам, в основном среднего и крупного, с относительно длинной шеей и короткими лапами, передние пальцы которых соединены плавательными перепонками. Клюв, как правило, укорочен и уплощен сверху вниз, края его покрыты изнутри многочисленными щетиночками, служащими для процеживания воды. Населяют берега различных водоемов с прибрежными зарослями или открытие мелководья, хорошо плавают. Гнездятся по берегам в



liklerde ýa-da gös-göni kenarda höwürtgeleýär. Jüýjeleri ýumurtgadan çykanlaryndan soň ululary gözegçiliginde höwürtgäni taşlaýarlar. Ösümlik we haýwan iýmiti bilen iýmitlenýärler. Kontinentleriň (Antarktidadan başga) hemmesinde ýaýran, görnüşleriň köpüsi möwsümleýin uçup gitmäni amala aşyrýar. Dünýäde 160 görnüş, şolaryň 33-si Türkmenistanda, olar ördekler *(Anatidae)* maşgalasyna degişli: guwlar, gazlar, ala ördekler, derýa ördekleri, tüňňele ördekler, jüptün ördekler we gorçy ördekler aşaky maşgalalaryna bölünýär.

зарослях или непосредственно на берегу. Птенцы после вылупления покидают гнездо в сопровождении взрослых. Питаются растительной и животной пищей. Распространены по всем континентами (за исключением Антарктиды), большинство видов совершает сезонные перелеты. В мире 160 видов, в Туркменистане – 33, относящиеся к семейству утиные (*Anatidae*), которое состоит из подсемейств (или родов, по мнению некоторых ученых) – лебединые, гусиные, пеганковые, речные утки, нырковые утки, крохалиные и савковые.

### Guwlar – *Cygninae* – Лебединые

Ganatlary inli we uzyn, boýny inçeden uzyn örän uly guşlar. Horazlary reňki boýunça mäkiýanlaryndan tapawutlanmaýar, ýöne sähelçe ulurak. Uly guşlaryň ýelek örtüginiň reňki ak, ýaşlarynyňky – kirliräk-çal, ýa-da goňurrak. Suwuň ýüzünden ylgap, bat alyp ýokary galýar. Ganatlaryny haýal kakyp, agyrlyk bilen göni uçýarlar. Höwürtgeleýän döwründe jübüt we jüýjeleri bilen, güýz-gyş möwsümde – topar we süri bolup gezýärler.

Очень крупные птицы с широкими и удлиненными крыльями и длинной тонкой шеей. Самцы по окраске не отличаются от самок, но несколько крупнее. Оперение взрослых птиц белое, молодых – грязно-серое или буроватое. С воды взлетают с длинным разбегом. Полет прямой, тяжелый с медленными взмахами. В гнездовое время держатся парами и выводками, в осенне-зимнее – группами и стаями.

### 26. Tauty (gyzylçunk guw) – *Cygnus olor* – Лебедь-шипун

Meýdan alamatlary: Gazdan biraz tokarrak uly guş. Ýaşy ýetenleri arassa ak reňkli. Horazy mäkiýandan **üstki çüňküniň düýbündäki gara uly ösüntgisi bilen tapawutlanýar, ol mäkiýanynda anyk görünmeýär.** Çüňki tutuşlygyna gyzyl, diňe üstki çüňküniň gyralary, burun deşiginiň töweregi we çüňki bilen gözüniň arasyndaky ýalaňaç ýeri gara. Gözleri goýy goňur, aýaklary gara. Ýaşlary

Полевые признаки: крупная птица несколько больше гуся. Взрослые особи чисто белые. Самец отличается от самки **большим черным выростом (шишкой) в основании надклювья, который у самки менее заметен**. Клюв в целом красный, только края надклювья, область ноздрей и голый участок между клювом и глазом черные. Глаза темно-карие, ноги

çalymtyl-goňur, garyn tarapy arkasyndan agymtylrak, boýny göwresinden ýagty reňkli. Ganatlarynyň ujy çalymtyl, guýrugy külreňk-çal, ýöne uçlary ak reňkli bolýar. Çüňki goňur, aýaklary gyzyl. Ümsüm, howp abananda gaty hyşyldy ses edýär. Uzynlygy – 150-ä golaý, ganaty – 57 sm, agramy – 8-13 kg.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: sohradan biraz ulurak, ululary gyzyl çüňkli, ýaşlary – çüňküniň düýbüniň garadygy bilen beýleki guwlardan tapawutlanýar. **Sohradan tapawutlylykda boýnuny S-şekilli egreldýär, guýrugy mese-mälim uzynrak, çüňküni we kellesini suwuň üstünde kese saklaýar.** Boýny sohraňkydan ýogyndygy üçin, ol has gysga ýaly bolup görünýär. Suwda oturan tautynyň arkasynyň keşbi burçlurak, sohranyňky – tegelegräk görünýär.

Ýaýran ýerleri: endigan däl – Ýewraziýa, Günbatar, Merkezi we Günorta-Gündogar Ýewropada, Gazagystanda, Günbatar Sibiriň günortasynda, ýek-tük Merkezi Aziýada höwürtgeleýär. Orta Aziýanyň günortasynda we ondan-da günortarakda – Pars aýlagynyň kenarynda gyşlaýar. Demirgazyk Amerikada, Günorta Afrikada, Awstraliýada akklimatizirlenen - ýaşamaga öwrenişdirilen. Türkmenistanda, esasan, Hazar deňziniň kenarýakasynda, ýek-tük içki suwlarda duşýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-gyşlaýan, seýrek höwürtgeleýän görnüş. Höwürtgelemek üçin ösgün suwotuly, çöldäki uzakda ýerleşen suw ýataklarynda (Sarygamyş, Jarsaý) saklanýar, uçup geçende we gyşlaýan wagty giňişleýin duşýar – Hazar deňziniň aýlaglarynda we içki uly suw

черные. Молодые серовато-бурые, брюшная сторона светлее спинной, шея – светлее туловища. Концы крыльев сероватые, хвост дымчато-серый, но на конце белого цвета. Клюв бурый, ноги красные. Молчалив, при угрозе издает громкое шипение. Длина – около 150, крыло – 57 см, вес – 8-13 кг.

Сходства – отличия: несколько крупнее лебедя-кликуна, от других лебедей взрослые отличаются красным клювом, молодые – черным основанием клюва. **В отличие от кликуна шею изгибает S-образно, хвост заметно длиннее, клюв и голову держит наклонно к поверхности воды**. Шея толще и поэтому кажется более короткой, чем у кликуна. У сидящего на воде шипуна контур спины угловатый, у кликуна – округлый.

Распространение: неравномерное – в Евразии, гнездится в Западной, Центральной и Юго-Восточной Европе, Казахстане, юге Западной Сибири, частично в Центральной Азии. Зимовки на юге Средней Азии и еще южнее – на побережье Персидского залива. Акклиматизирован в Северной Америке, Южной Африке, Австралии. В Туркменистане в основном на побережье Каспия, частично на внутренних водоемах.

Образ жизни: пролетный, зимующий, единично гнездящийся вид. На гнездовье предпочитает заросшие водной растительностью, удаленные в пустыне внутренние водоемы (Сарыкамыш, Джарсай), на пролете и зимовке шире – заливы на побережье Каспия и крупные внутренние водоемы. Пары






**Guşlaryň uçup barýarka görnüşi**: 1 – sohra; 2 – tauty; 3 – uly sakar gaz; 4 – gyzyl petekeli ýogla; 5 - kösükpisint gaz; 6 – aňk; 7 – ala gaz; 8 – guba gaz.
**Птицы в полете**: 1 - лебедь-кликун; 2 - лебедь-шипун; 3 - белолобый гусь; 4 - краснозобая казарка; 5 - гуменник; 6 - огарь; 7 - пеганка; 8 - серый гусь.

ýataklarynda. Guşlar jübütligini ömürlik saklaýar. Höwürtgesini gamyş baldaklaryndan toplanan üýşmeklerde, suwda ýüzýän galyň gamyş dykynlarynda, çüýrän gamyş üýşmekleriniň üstünde gurýar. 7-9 sany kirliräkgögümtil ýa-da çalymtyl-ýaşyl reňkli ýumurtgalary goýýar. Esasy iýmiti – suw ösümlikleriniň pudaklary, kökleri we kökbaldaklary, olary kellesini we boýnuny suwa çümdürip, çüňki bilen suwotlary goparyp alýar.

Statusy: ýaz-tomus aýlarynda seýrek we güýz-gyşda – adaty görnüş, edil beýleki guwlar ýaly keramatly guş hasaplanýar, gözellik ähmiýetli. Hazar we Sarygamyş çäkli goraghanasynyň nyşany hasaplanylýar. Guşlary awlamak gadagan.

могут сохраняться всю жизнь. Гнезда устраиваются на камыше, сплавинах, кучах отмерших стеблей. В кладке – 7-9 яиц грязно-голубого или серо-зеленого цвета. Основной корм – побеги, корни и корневища водных растений, который добывают, опуская голову и шею под воду, выдергивая клювом.

Статус: редкий в весенне-летнее и обычный в осенне-зимнее время вид, как и другие виды лебедей, является священным, имеет огромное эстетическое значение. Считается знаковым видом Хазарского заповедника и Сарыкамышского заказника. Охота запрещена.

## 27. Kiçi, ýa-da tundra guwy – *Cygnus columbianus (bewickii)* – Малый, или тундровый лебедь

Meýdan alamatlary: guwlaryň arasynda iň maýdasy. Ululary arassa ak reňkli. Jynsyny anyk tapawutlandyryjy alamaty ýok, ýöne mäkiýany horazyndan biraz kiçi. **Çüňki gara, onuň düýbüniň gapdallary, burun deşiklerine ýetmeýän sary tegmilli.** Gözleri goýy goňur, aýaklary gara. Ýaş guşlaryň bedeniniň üstki tarapy külreňk-çal, kellesiniň gapdallary we boýnunyň yzky bölegi – goňur, galan ýelek örtügi ak. Çüňki we aýaklary sarymtyl ýa-da goňurrak. Sesi sohranyňky ýaly, ýöne basygrak. Uzynlygy (süýnen boýny bilen) – 120, ganaty – 55 sm, ganatlarynyň gerimi – 200 sm çenli, agramy – 6 kg.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: ölçegleriniň anyk kiçidigi, boýnunyň göwresine bolan gatnaşygynyň gysgadygy, kellesiniň togalagrak görnüşdedigi (sohranyňky süýnmek) bilen sohradan tapawutlanýar; kiçi guwuň çüňküniň düýbündäki sary tegmil burun deşiklerine ýetmän gönüburç bolup tamamlanýar, sohrada ol toýnuk görnüşinde burnunyň yzyna geçýär, ýöne bu alamat guşlaryň diňe bir ýaşyna çenli bolan döwri üçin häsiýetli bolýar. Kiçi guw sohra bilen deňeşdirilende has beýik ses äheňli we hoş owazly.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän oblastlary Ýewraziýanyň we Demirgazyk Amerikanyň tundra zolagyny öz içine alýar. Ýewropada höwürtgeleýär, adatça Angliýanyň kenarýakasynda gyşlaýar, Aziýada – Ýaponiýada we Gündogar Hytaýda höwürtgeleýär. Orta Aziýada we Türkmenistanda (Hazar deňzinde we içki howdanlarda) gyşyna selçeň gabat gelýär.

Ýaşaýşy: uçup geçýän, seýrek gyşlaýan guş. Güýzüne noýabrda uçup gelýär, Hazaryň kenarýakasynda duşýar, olaryň içki suw ýataklarynda gabat gelmekleri hem ahmal, fewralmartda uçup gidýär. Esasy iýmiti – suwasty we suwüsti ösümlikler.

Statusy: örän seýrek, bizde öwrenilmedik görnüş, onuň duş gelmegi baradaky islendik maglumat uly ylmy gyzyklanma döredýär. Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizmäge mynasyp guş.

Полевые признаки: самый мелкий из лебедей. Взрослые особи чисто белые. Отчетливые половые различия отсутствуют, но самки несколько меньше самцов. **Клюв черный, по бокам его основания – желтые пятна, не доходящие до ноздрей**. Глаза темно-карие, ноги черные. У молодых птиц верхняя сторона тела дымчато-серая, бока головы и задняя часть шеи – бурые, остальное оперение белое. Клюв и ноги желтоватые или коричневатые. Голос как у кликуна, но приглушен. Длина (с вытянутой шеей) достигает 120, крыло – 55, размах крыльев – до 200 см, вес – 6 кг.

Сходства – отличия: от лебедя-кликуна отличается заметно меньшими размерами, шея, по отношению ко всему туловищу, короче, голова более округлой формы (у кликуна – вытянутая); **желтое пятно в основании клюва** у малого лебедя не доходя до ноздрей **заканчивается под прямым углом**, у кликуна заходит за ноздри **в виде клина** (этот признак заметен только у птиц в возрасте старше года). Голос малого лебедя отличается более высокими тонами и большей мелодичностью, по сравнению с кликуном.

Распространение: область гнездования охватывает зону тундры Евразии и Северной Америки. Гнездящиеся в Европе, зимуют обычно у берегов Англии, гнездящиеся в Азии – в Японии и Восточном Китае. В Средней Азии и Турк-менистане зимой – единичные особи на Каспии и внутренних водоемах.

Образ жизни: пролетная, частично зимующая птица. Осенью появляется в ноябре, изредка попадается на побережье Каспия, не исключены встречи на внутренних водоемах, отлетает в феврале-марте. Основной корм – подводная и надводная растительность.

Статус: очень редкий, у нас не изученный вид, любая информация о встречах представляет большой научный интерес. Рекомендуется для занесения в Красную книгу Туркменистана.

## 28. Sohra (sykylykçy guw) – *Cygnus cygnus* – Лебедь-кликун

Meýdan alamatlary: tautydan ölçegleri boýunça kiçi. Ýelek örtügi ak, dykyz. Bedeni süýnmek, boýny göni, göwresinň uzynlygy bilen deň. Adatça, ganatlary göwresine berk gysylan we gapdalyndan arkasy tegelegräk görnüşde bolýar. Çüňki kellesiniň uzynlygyna deň, göni, inli, öňki ujy

Полевые признаки: по размерам меньше лебедя-шипуна. Оперение белое, густое. Тело вытянутое, шея прямая, по длине равна туловищу. Крылья обычно плотно прижаты к телу и спина в профиль имеет округлые очертания. Клюв по длине равен голове, прямой, ши-

tegelenen, **çykyntgysyz. Onuň uçly böleginiň reňki gara, galan ýeri, burny bilen bilelikde sary.** Gözleri goňur, aýaklary gara, gysga we daýaw, has yza tarap süýşen. Ýaşlarynyň arka tarapy külreňk-çal, garny – ak. Kellesi we boýny açyk-goňur, çüňküniň düýbi goňurrak-gyzyl, aýaklary çalymtyl-gyzgylt. Sesi – turbadan çykýan ýaly gaty. Uzynlygy (boýny süýndürilende) 150, ganaty – 60, ganatlarynyň gerimi – 250 sm çenli, agramy – 12 kg çenli.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: boýnuny göni saklamak endigi, çüňküniň düýbüniň sarydygy bilen tautydan, ölçegleriniň has uludygy bilen kiçi guwdan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Ýewraziýanyň demirgazyk böleginde, tundra zolagynyň demirgazyk böleginden başgasynda, giňişleýin höwürtgeleýär. Günbatar we Günorta-Gündogar Ýewropanyň kenarýakasynda, Ýaponiýada we Gündogar Hytaýda, şeýle-de Hazar deňzinde we Orta Aziýanyň günortasyndaky suw ýataklarynda, Türkmenistanda – deňziň kenarýakasynda, ýek-tük içki suw ýataklarynda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: Uçup geçip gidýän we gyşlaýan guş. Güýzüne oktýabr-noýabrda uçup geçýär, fewral-martda uçup gidýär. Jübütlik häsiýeti köp ýyllaryň dowamynda saklanýar. Ösümlik, şeýle-de haýwan iýmiti bilen iýmitlenýär, suwda ösýän ösümlikleriň kökbaldaklaryny we suwotularyň ýaşyl böleklerini hem-de dürli maýda suw oňurgasyzlary çöpleýär.

Statusy: az sanly görnüş, gyşlanda yzygiderli duşýar, aýratyn-da Hazar deňziniň kenarýakasynda, beýleki guwlar ýaly gözellik ähmiýetli, awlamak gadagan.

роκий, спереди округлый, **без нароста. Вершинная его часть черная, остальная, включая ноздри, желтая**. Глаза карие, ноги черные, короткие и массивные, отнесены далеко назад. У молодых спинная сторона дымчато-серая, брюшная – белая. Голова и шея светло-бурые, основание клюва буровато-красное, ноги серовато-красные. Голос громкий трубный. Длина (с вытянутой шеей) – 150, крыло – 60, размах крыльев – до 250 см, вес – до 12 кг.

Сходства – различия: от лебедя-шипуна отличается манерой держать шею прямо, желтым основанием клюва, от малого – более крупными размерами.

Распространение: гнездится широко в северной половине Евразии, исключая северные части зоны тундры. Зимует на побережье Западной и Юго-Восточной Европы, в Японии и Восточном Китае, а также на Каспии и водоемах юга Средней Азии. В Туркменистане – морское побережье, частично внутренние водоемы.

Образ жизни: пролетная и зимующая птица. Осенний пролет – в октябре-ноябре, отлетают в феврале-марте. Пары сохраняются в течение многих лет. Питаются как растительной, так и животной пищей, поедают корневища и зеленые части водных растений и различных мелких водных беспозвоночных.

Статус: не многочисленный вид, регулярно встречается на зимовке, особенно на побережье Каспийского моря, как и другие лебеди, имеет огромное эстетическое значение, охота запрещена.



## Gazlar – *Anserinae* – Гусиные

Öý gazlary ýaly orta we uly ölçegli guşlaryň aşaky maşgalasy. Ol gazlary, petekeli suwda ýüzýän, ýöne köplenç suwda däl-de, gury ýerde gezýän guşlara degişli ördekleri özünde jemleýär. Bedeni dykyz gurluşly guşlar. Ganatlary başgalara garanyňda uzyn, inli, boýny orta uzynlykda. Reňkinde jyns we möwsümleýin dimorfizm ýok, mäkiýany horazyndan maýda. Suwda oturanda guşlaryň keşbi ördekler bilen deňeşdirilende ýokarda görünýär. Uçup gezýärler we ýerde aňsatlyk bilen hereket edýärler. Esasan, ösümlik bilen iýmitlenýär (suwotularyň we suwýaka ösümlikleriň pudaklary, ýaz otlary, ýabany we däneli ösümlikleriň ösüntgileri).

Подсемейство птиц среднего и крупного размеров, с домашнего гуся. Включает в себя гусей и казарок, относящихся также к водоплавающим птицам, но держащихся больше на суше, чем на воде. В целом сложены плотно. Крылья сравнительно длинные, широкие, шея умеренной длины. Половой и сезонный диморфизм в окраске отсутствует, самки мельче самцов. Поза сидящей на воде птицы, по сравнению с утками, высокая. Летают и передвигаются по земле легко. В основном растительноядные (зеленые побеги водной и околоводной растительности, эфемеры, всходы диких и культурных злаков).

### 29. Kösükpisint gaz – *Anser fabalis* – Гуменник

Meýdan alamatlary: uly gaz, ýöne guba gazdan maýda. Ulularynyň reňklerinde tapawut ýok. **Kellesi, boýny we göwresiniň üstki tarapy goňur.** Pilçe böleginiň ýelek örtügi has ýagty we arkasynyňky garamtylrak. Petekesi we döşi açyk-çal, garny we guýrugynyň düýbi ak. Göwresiniň gapdallary ak kese zolakly goňurrak. Ganatlary goňur, guýrugy has garamtyl. Çüňki başgalara garanyňda daýaw we uzyn, ortarasy mämişi ýada gyzylymtyl tegmilli gara. Aýaklarynyň reňki sarydan gyzyla çenli üýtgeýär. Ýaşlarynyň reňki ulularyna çalymdaş, ýöne has tutuksy. Garny goňurrak maýda menejikler bilen örtülen, çalymtyl-ak, gapdallary ýagty zolaksyz. Sesi – guba gazyň sesine örän çalymdaş. Uzynlygy 90-a golaý, ganaty – 50, ganatlarynyň gerimi –

Полевые признаки: крупный гусь, но меньше серого гуся. Различий в окраске взрослых нет. **Голова, шея и верхняя сторона туловища бурые**. Оперение более светлое в области лопаток и темнее на спине. Зоб и грудь светло-серые, брюхо и основание хвоста – белые. Бока туловища буроватые с белыми поперечными полосами. Крылья бурые, хвост более темный. Клюв относительно массивный и длинный, черный с оранжевыми или красноватыми пятнами посередине. Цвет ног варьирует от желтого до красноватого. Окраска молодых похожа на взрослых, но более тусклая. Брюхо серовато-белое, покрытое мелкими буроватыми пятнами, светлых полос на боках нет. Голос сильно похож на голос серого гуся.

160 sm, agramy – 3-4 kg.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: **çüňkünüň iki reňklidigi** - sarymtylmämişi çüňk öňi zolagynyň garadygy, kel-lesiniň (göwresinden garamtylrak) we boýnunyň garamtyl reňklidigi bilen beýleki gazlardan tapawutlanýar. Ondan daşary – aýaklarynyň mämişi (gülgüne däl) reňki boýunça guba gazdan, maňlaýynda ak tegmiliň ýokdugy bilen uly sakar gazdan tapa-wutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Ýewraziýanyň demirgazyk taýga we tundra zolagynda höwürtgeleýär. Günbatar we Merkezi Ýewropada, bölekleýin Adrýatik we Gara deňizleriniň kenarýakasynda, şeýle-de Orta Aziýanyň, Gündogar Hytaýyň, Koreýanyň we Ýaponiýanyň suw ýataklarynda gyşlaýar. Türkmenistanda – Amyderýanyň käbir ýerlerinde we ýurduň beýleki suw ýataklarynda duşýar.

Ýaşaýşy: bizde wagtal-wagtal gyş-laýan guş, noýabrdan mart aralygynda köllerde, suw howdanlarynda we beýleki içki suwlarda gabat gelmegi mümkin. Esasy iýmiti – gury ýer ösümlikleriň ýaşyl bölekleri we tohumlary.

Statusy: beýleki gazlar ýaly, höwesjeň awçylaryň aw guşy, bizde seýrek guş hökmünde goralmaga mynasypdyr.

Длина – около 90, крыло – 50, размах крыльев – 160 см, вес – 3-4 кг.

Сходства – различия: от других гусей **отличается двухцветным клювом** - черным с желто-оранжевой предвершинной полосой, темной (темнее туловища) окраской головы и шеи. Кроме того – от серого гуся отличается оранжевым (не розовым) цветом ног, а от белолобого – отсутствием белого пятна на лбу.

Распространение: гнездится в зоне северной тайги и тундры Евразии. Зимует в Западной и Центральной Европе, частично на побережье Адриатического и Черного морей, а также на водоемах Средней Азии, Восточного Китая, Кореи и Японии. В Туркменистане – местами по Амударье и некоторым водоемам восточных частей страны.

Образ жизни: у нас спорадически зимующий вид, может быть встречен с ноября по март на озерах, водохранилищах и других внутренних водоемах. Основной корм – зеленые части и семена наземных растений.

Статус: как и другие гуси – объект любительской охоты, но заслуживает охраны, как очень редкая у нас птица

## 30. Uly sakar gaz – *Anser albifrons* – Белолобый гусь

Meýdan alamatlary: orta ulylykdaky gaz, kösükpisint gazdan maýda. **Üstki çüňküniň düýbi we maňlaýy ak, kellesi goňurrak-çal, olaryň arasynda araçäk-gara zolak bolýar.** Arkasy goňurrak-çal, biliniň ýelekleri has ýagty reňkli. Ganatlary we guýrugy garamtylrak-goňur, guýruk ýelekleriniň ujy ak. Döşi, garny we guýrugynyň aşagy gara menekli açyk-çal. Çüňki gülgüne, aýaklary mämişi reňkli. Ýaşlarynyň maňlaýy ak tegmilsiz, bedeniň aşaky tarapy maýda garamtyl menekli, çüňki çalymtyl we düýbüniň töweregi ak halkasyz. Sesi edil guba we kösükpisint gazlaryňky ýaly gagyldama, ýöne has sesli. Uzynlygy – 75, ganaty – 40, ganatlarynyň gerimi – 140 sm, agramy ortaça – 2.5 kg.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: kiçi sakar gaza örän çalymdaş, tebigatda maňlaýyndaky ak tegmiliň ölçeginiň kiçidigi, **gözüniň töwereginde insiz sary halkanyň ýokdugy**, şeýle-de sesi boýunça kynlyk bilen tapawutlanýar. Guba gazdan – ganatlarynyň üstki tarapynyň garamtyldygy, kösükpisint gazdan – ölçegleriniň kiçidigi, maňlaýynyň ak tegmillidigi we garnynyň gara meneklidigi bilen tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Demirgazyk Amerikanyň we Ýewraziýanyň, Skandinawiýadan beýleki tundra böleginde höwürtgeleýär. Günbatar we Günorta-Gündogar Ýewropanyň deňizleriniň kenarýakasynda, Dunaýda, Gara we Hazar deňizlerinde, Yrakda, Gündogar Hytaýda, Koreýada we Ýaponiýada, Demirgazyk Amerikanyň atlantik ummanynyň kenarýakasynda we Meksika aýlaglarynda gyşlaýar. Orta Aziýanyň suwly ýerlerinde az sanda gyşlaýar, Türkmenistanda – Hazar deňziniň kenarýakasynda saklanýar.

Ýaşaýşy: höwürtgeleýän arealynda tundranyň suwa ýanaşyk gury, ösgün otjumak ösümlikli ýerlerini saýlaýar. Bizde uçup geçýän we gyşlaýan guş, oktýabrda uçup gelýär, fewralda uçup gidýär. Otlaryň pudak-

Полевые признаки: гусь средней величины, меньше гуменника. **Основание надклювья и лоб белые, голова буровато-серая, между ними заметна пограничная темная полоса.** Спина буровато-серая, оперение поясницы более светлое. Крылья и хвост черновато-бурые, последний с белыми вершинами. Грудь, брюхо и подхвостье – светло-серые с черными пятнами. Клюв розоватый, ноги оранжевые. У молодых нет белого пятна на лбу, на нижней стороне тела – мелкие темные пестрины, а клюв сероватый без белого кольца вокруг основания. Голос – гоготание как у серого гуся и гуменника, но более звонкое. Длина – 75, крыло – 40, размах крыльев – 140 см, вес, в среднем – 2.5 кг.

Сходства – различия: очень похож на гуся-пискульку, в природе с трудом отличается лишь меньшим размером белого пятна на лбу, **отсутствием тонкого желтого кольца вокруг глаза**, а также голосом. От серого гуся – темным верхом крыла, от гуменника – меньшими размерами, **наличием белого пятна** на лбу и черными пятнами на брюхе.

Распространение: гнездится в тундрах Северной Америки и Евразии, исключая Скандинавию. Зимует на морских побережьях Западной и Юго-Восточной Европы, по Дунаю, на Черном и Каспийском морях, в Ираке, Восточном Китае, Корее и Японии, на атлантическом побережье Северной Америки и в Мексиканском заливе. В небольшом числе зимует и на водоемах Средней Азии, в Туркменистане – тяготеет к побережью Каспия.

Образ жизни: в гнездовом ареале предпочитает сухие участки тундры вблизи водоемов, заросших травянистой растительностью. У нас пролетная и зимующая птица, прилетает в октябре, отлетает в феврале. Питается, преимущест-

lary we tohumlary bilen iýmitlenýär.

Statusy: seýrek görnüş, beýleki gazlar ýaly höwesjeň awçylaryň aw guşy, onuň berk goraga alynmagy we aw etmek wagtynyň kesgitlenilmegi zerurdyr.

венно, побегами и семенами трав.

Статус: редкий вид, как и другие гуси, служит объектом любительской охоты, но нуждается в строгой регламентации охот.

### 31. Kiçi sakar gaz – *Anser erythropus* – Пискулька

Meýdan alamatlary: uly sakar gazdan has kiçi ölçegli gaz. Horazy mäkiýany birmeňzeş reňki ýelek örtükli. **Çüňküniň düýbi ak zolakly bolup, maňlaýynda tegmil döredýär, depesi örän gara. Gözüniň töweregindäki ýalaňaç deri, sähelçe "pökgeren" sarymtyl-ýaşyl reňkli. Arkasy goňurrak-çal, bili has garamtyl.** Pelpelleýji ýelekleri ak sütünli garamtyl, guýruk ýelekleri ýagty jähekli gara. Göwresiniň aşaky tarapy: petekesi, döşi we böwürleri gaýalan açyk-çal reňkli, döşi gara tegmilli, garnynyň we guýrugynyň aşaklary ak. Çüňküniň düýbi galyň sarymtyl-gülgüne. Aýaklary açykmämişi. Ýaşlarynyň ýelek örtüginiň reňki has öçügsi. Çüňküniň düýbi bilen maňlaýynyň arasy gara ýelekli, ak tegmili ýok. Çüňkü ulularyna garanyňda gysga gülgüne-çal. Döşi garamtyl menekli çalymtyl, aýaklary çalymtyl-sary. Gagyldamasy uly sakar gazyň gagyldysyna çalymdaş, ýöne ol jyňňyldyly we has beýik sesli – "kin-k-kin". Uzynlygy – 60-a golaý, ganaty 35, ganatlarynyň gerimi – 130 sm, agramy – 2 kg çenli.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: uly sakar gaza örän çalymdaş, ýöne ölçegi kiçi we ganaty has ýiti uçly, maňlaýyndaky ak tegmiliň ölçegi uly we **gözüniň töweregi ýeleksiz sarymtyl insiz halkaly**, çüňki özgelere garanyňda gysga.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän oblastlary üzňe we Ýewraziýanyň tutuş günorta böleginiň tundrasyny we tokaýtundrasyny öz içine alýar. Üzňe meýdanlarda – Günorta Angliýanyň, Gollandiýanyň, Günorta Ýewropanyň kenaýakasynda, Günorta Hazarýakada, Günorta-Gündogar Hytaýda gyşlaýar. Orta Aziýada we Türkmenistanda wagtal-wagtal ýurduň dürli künjegindäki suw ýataklarynda duşýar.

Ýaşaýşy: arealynda höwürtgeleýän bölegi, umuman, uly sakar gazyňky ýaly. Diňe bir tundrada we tokaýtundra zolaklarynda däl, eýsem ol daglyk-taýga landşaftlarynda hem gabat gelýär. Bizde uçup geçýän-gyşlaýan guş, onuň beýleki gazlar bilen bilelikde güýz-gyş döwürlerinde dürli suw ýataklarynda duş gelmegi mümkin.

Statusy: örän seýrek guş, hemme ýerde olaryň baş sany azalýar. MSOP-yň Gyzyl sahypasyna we Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen. Awlamak düýbünden gadagan, ýöne gynansak-da, awçylar bu gazy uly sakar we beýleki gazlar bilen bilelikde parhsyz awlaýarlar.

Полевые признаки: небольшой гусь, меньше белолобого гуся. Самец и самка имеют сходную окраску оперения. **У основания клюва – белая полоса, образующая на лбу пятно, темя очень темное. Вокруг глаза кожа голая, слегка «припухшая», желто-зеленого цвета**. Спина буровато-серая, поясница более темная. Маховые темные с белыми стержнями, перья хвоста черные со светлыми каемками. Нижняя часть туловища: зоб, грудь и бока светло-серые с каемками, на груди черные пятна, брюхо и подхвостье белые. Клюв высокий у основания, желтовато-розовый. Ноги светло-оранжевые. У молодых оперение более тусклое. У основания клюва на границе со лбом черные перья, белого пятна нет. Клюв короче, чем у взрослых, розовато-серый. Грудь сероватая с темными пестринами, ноги серовато-желтые. Гоготание похоже на ритм гогота белолобого гуся, но он пискливый и более высокий – «кинь-кь-кинь». Длина – около 60, крыло – 35, размах крыльев – 130 см, вес – до 2 кг .

Сходства – различия: очень похож на белолобого гуся, но меньше размером и более острокрылый, на лбу белое пятно большего размера и **вокруг глаз имеется неоперенное тонкое желтоватое кольцо**, клюв относительно короче.

Распространение: области гнездования разобщены и охватывают южную часть тундры и лесотундры по всей Евразии. Зимует также на разобщенных участках на побережье Южной Англии, Голландии, Южной Европы, Южном Прикаспии, в Юго-Восточном Китае. В Средней Азии и Туркменистане – спорадически на водоемах в разных частях страны.

Образ жизни: гнездовая часть ареала, в целом, как у белолобого гуся. Встречается не только в тундровой и лесотундровой зонах, но и горно-таежном ландшафте. У нас – пролетная, зимующая птица, которая может быть встречена вместе другими гусями на различных водоемах в осенне-зимний период.

Статус: очень редкий вид, численность которого повсеместно сокращается. Внесен в Красный список МСОП и Красную книгу Туркменистана. Добыча категорически запрещена, но, к сожалению, этот гусь без разбора может добываться охотниками вместе с белолобым и другими гусями.

### 32. Guba gaz – *Anser anser* – Серый гусь

Meýdan alamatlary: öý gazyna çalymdaş, uly gaz, ýöne gelşikli bedenli we ölçegi sähelçe kiçi. Ýelek örtügi çalymtyl-goňur, ýöne eginleri – açyk-çal (kümüşsow-çal). Aýaklary we çüňki daýaw gülgüne reňkli. Horazy we mäkiýany birmeňzeş reňkli, ýöne mäkiýanynyň ölçegi kiçi. Ýaşlary böwürlerindäki gowşak saýgardýan ýagty zolaklary bilen tapawutlanýar,

Полевые признаки: крупный гусь, похож на домашнего гуся, но стройнее и чуть меньшего размера. Все **оперение серо-бурое, но плечи – светло-серые (серебристо-серые). Ноги и мощный клюв розового цвета**. Самцы и самки окрашены одинаково, но самки меньше в размерах. Молодые отличаются менее выражен-

garyn tarapy garamtyl meneksiz, umumy reňki, ulularyna garanyňda bir öwüşginli. Gönümel, sürüde – kese ýa-da toýnuk görnüşde uçýarlar. Hüşgär guş. Sesi – güýçli gagyldama. Uzynlygy – 75-95, horazlarynyň ganaty – 43-52 we mäkiýanlarynyňky – 40-46, ganatlarynyň gerimi – 140-180 sm.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: reňkiniň açyk-çaldygy bilen uly sakar we kösükpisint gazlardan tapawutlanýar. Ondan daşary – uly sakar gazdan **maňlaýynda ak we garnynda uly gara tegmiliň ýokdugy**, kösükpisint gazdan-kellesiniň birmeňzeş ýagty we **çüňküniň gülgüne reňkdedigi**, kiçi sakar gazdan **ölçeginiň has uludygy**, gözüniň töwereginde sary halkanyň (diňe ýakyn aralykdan görünýär) we **maňlaýynda ak tegmiliň ýokdugy** bilen tapawutlanýar.

Ýaýraýn ýerleri: Ýewraziýa, Skandinawiýadan Uzak Gündogara çenli suw ýataklary boýunça demirgazyk taýgadan çöllük zolaga çenli tegmilleýin höwürtgeleýär. Orta Aziýada (Türkmenistan hem goşulanda) we Aziýa kontinentiniň günorta ýarymynyň merkezi böleginde gyşlaýar. Bizde derýalaryň jülgelerindäki we çöldäki uly suwly howdanlarda, az mukdarda Hazaryň kenarýakasynda gabat gelýär.

Ýaşaýşy: uçup geçýär we gyşlaýar. Ýazyna fewraldan uçup gidýär, martda uçup geçme başlanýar, güýzüne oktýabryň ortasynda uçup gelýär, ýöne ol sowugyň düşmegi bilen bagly. Suw howdanlarynda, köllerde, akyndy suwlaryň ýaýran ýerlerinde topar we uly süri bolup gabat gelýär, kenarýakadaky ýalpak suwly, taşlanan we suwarymly ýerlerde iýmit toplaýar.

ными светлыми полосами на боках, брюхо без темных отметин в целом окраска более монотонна, чем у взрослых. Полет прямолинейный, в стаях, в виде косой линии или клина. Осторожная птица. Голос – громкое гоготание. Длина – 75-95, крыло – 43-52 у самцов и 40-46 – у самок, размах крыльев – 140-180 см.

Сходства – различия: от белолобого гуся и гуменника, в целом, отличается светло-серой окраской. Кроме того, от белолобого гуся - **отсутствием белого пятна на лбу и больших черных отметин на брюхе**. От гуменника – светлой одноцветной головой и **розовым цветом клюва**. От пискульки – **более крупным размером**, отсутствием желтого кольца вокруг глаз (видно только вблизи) и **белого пятна на лбу**.

Распространение: Евразия, гнездится от Скандинавии до Дальнего Востока мозаично по водоемам в полосе от северной тайги до пустынь. Зимует в Средней Азии (включая Туркменистан) и центральных частях южной половины Азиатского континента. У нас на внутренних водоемах по долинам рек и в пустыне, меньше на побережье Каспия.

Образ жизни: пролетает и зимует. Весенний отлет с февраля, пролет в марте, осенью появляются с середины октября, но, в основном, с наступлением похолоданий. Встречаются в группах и больших стаях на водохранилищах, озерах, сбросных разливах, кормятся по береговым мелководьям, залежам и полям. Питаются зеленой массой



Suwda we suwýakalarynda ösýän ösümlikleriň ýaşyl bölekleri, ýaz otlary bilen iýmitlenýär, ýabany we medeni däneli ösümlikleriň öserini çokýar.

Statusy: gazlaryň arasynda gyşyna baş sany boýunça adaty, käbir ýerlerde köpsanly görnüş, soňky ýyllarda sany köpelýär. Aw guşy.

водной и околоводной растительности, эфемерами, кормятся (пасутся) на всходах диких и культурных злаков и зерновых.

Статус: на зимовке среди гусей самый обычный, местами многочисленный. Объект любительской охоты.

---

**33.** *Bellik:* Amyderýa jülgesine, gazlaryň beýleki görnüşlerinden **garaçüňk gazyň** – ***Anser cygnoides*** tötänden uçup gelendigi bellendi (2005 ý.). Garaçüňk gaz – ölçegi boýunça kösükpisint gaz ýaly, ýöne has uzyn boýunlydygy we çüňküniň garadygy, kellesiniň üstki hem-de boýununyň yzky tarapynyň reňkiniň goňurrakmelemtildigi bilen tapawutlanýar. Türkmenistana guşlaryň şeýle uçup gelmegi örän seýrek duşýar.

**33.** *Примечание*: Из других видов гусей недавно (2005 г.) был отмечен залет **сухоноса – *Anser cygnoides*** в долину Амударьи. Сухонос – гусь размером с гуменника, но с более длинной шеей и отличается черным клювом и коричнево-бурой окраской верха головы и задней стороны шеи. Подобные залеты в Туркменистан могут случаться, но крайне редко.

### 34. Gyzyl petekeli gaz – *Branta ruficollis* – Краснозобая казарка

Meýdan alamatlary: garşylykly (kontrast) reňkli orta ölçegdäki gaz. **Döşi we boýnunyň öňki tarapy goňurrak-gyzyl.** Ganatlary garamtyl. Kellesiniň üsti we boýnunyň yzky tarapy, arkasy we garny gara. Guýrugynyň aşagy we gapdalyndaky inli zolak – ak, döşüniň we boýnunyň goňurrak-gyzgylt ýelekleriniň insiz ak zolaga gaýalandygy ýakyndan oňat görünýär. Horazy, mäkiýany we ýaşlary reňki boýunça tapawutlanmaýarlar, ýöne ýaşlarynyň reňki aksowult. **Çüňki gysga** we aýaklary gara. Sesi – güýçli gagyldama. Uzynlygy – 54-56, ganaty – 33-39, ganatlarynyň gerimi – 115-135 sm.

Meňzeşliklerii–tapawutlary: meňzeş görnüşleri ýok, ýelek örtügindäki gyzyl-goňur, gara we ak reňkiniň saz-

Полевые признаки: среднего размера гусь с контрастной окраской. **Грудь и передняя сторона шеи – коричнево-красные**. Крылья темные. Верх головы и задняя сторона шеи, спина и брюхо – черные. Подхвостье и широкие полосы по бокам – белые, а вблизи видно, что белые узкие полосы окаймляют коричнево-красное оперение груди и шеи. Самцы, самки и молодые не отличаются, но окраска молодых бледнее. **Короткий клюв** и ноги черные. Голос – звонкий гогот. Длина – 54-56, крыло – 33-39, размах крыльев – 115-135 см.

Сходства – различия: сходных видов нет, легко узнается по сочетанию красно-коричневого, черного и белого цветов в оперении.

Распространение: гнездовая

laşygy boýunça aňsat tanalýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi – Taýmyryň, Gydanyň we Ýamal adasynyň tundrasy. Esasan, Gara deňziň günbatar kenarynda, Hazar deňziniň günortasynda bölekleýin gyşlaýar.

Ýaşaýşy: Bizde gyş döwründe Hazar deňziniň kenarýakasynda gabat gelmegi mümkin. Kiçiräk topar bolup gezýär. Kenarýakalarynda we suw akyp çyglanan ýerlerde gögeren däneli ösümlikleriň ýaş maýsalary bilen iýmitlenýär.

Statusy: örän seýrek görnüş, MSOP-nyň Gyzyl sahypasyna we Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen.

часть ареала – тундры Таймыра, Гыдана и Ямала. Зимует, в основном, на западном побережье Черного моря, частично на юге Каспия.

Образ жизни: у нас может встречаться на побережье Каспийского моря в зимний период. Держится небольшими группами. Кормятся на прибрежных участках и заливных лугах молодой порослью злаков.

Статус: очень редкий вид, внесен Красный список МСОП, и в Красную книгу Туркменистана

## Ala gazlar – *Tadorninae* – Пеганковые

Ördekleriň aşaky maşgalasy (bizde iki görnüşi duşýar) bolup, daşky keşbi we ýaşaýyş aýratynlygy boýunça, gazlaryň we ördekleriň arasyndaky geçiş, ýagny aralyk toparyny emele getirýär. Olar öz höwürtgelerini hinlerde gurmaklyga ýykgyn edýändikleri sebäpli, ýer ördekleri diýip hem atlandyrylýar.

Подсемейство утиных (у нас два вида), которое по облику и особенностям жизни представляет промежуточную, переходную группу между гусями и утками. Их называют еще земляными утками, поскольку тяготеют к устройству своих гнезд в норах.

## 35. Aňk – *Tadorna ferruginea* – Огарь, или отайка

Meýdan alamatlary: ýelek örtügine **açyk-çyparreňk häsiýetli** uly ördek. Kellesi çyparrak-ak. Ganatlarynda uly **ak tegmili** we ýaşyl "aýnajygy" bolýar. **Horazynyň insiz "boýunbagy" gara reňkli, ol mäkiýanynda ýok.** Mäkiýany we ýaşlary – öçügsi reňkli. Çüňki, aýaklary we guýrugy – gara. Ýerde uzak wagtlap gezýär, uçanynda gykylykly. Sesi – güýçli, ýöne ýumşak "gaang-gaang-gaang". Uzynlygy – 60-68, horazlarynyň ganaty – 35-40, mäkiýanlarynyňky – 32-37, ganatlarynyň gerimi – 120-145 sm.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: ýelek örtüginiň reňki boýunça meňzeş görnüşleri ýok.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi – çöllük we sähra zolaklary, daglardaky köller – Demirgazyk-Günbatar Afrikadan Mongoliýa we Günbatar Hytaýa çenli. Türkmenistanda Hazar deňzinden Amyderýa çenli bölekleýin, aglaba, düzlüklerde duşýar. Kiçi we Alynky Aziýada, Hindistanda, Demirgazyk-Günbatar we Demirgazyk-Gündogar Afrikanyň käbir ýerlerinde gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýär, höwürtgeleýär, gyşlaýar. Uçup geçende we gyşlaýan döwri – derýalaryň jülgelerinde we uly suw howdanlaryň kenarlarynda saklanýar. Höwürtgeleýän wagty şor, seýrek süýji suwly kölleri we suw basan ýol-ýodasyz ýerleri eýeleýär, ýalpak suwly çöp-çalamsyz ýerlerde gezýär. Guşlar özbaşdak ýapgyt gazan, çuň hinlerinde ýa-da olar tilkileriň, ýabany pişikleriň köne sürenlerinde, gaýalardaky daş üýşmekleriniň aşagyndaky oýlarda höwürtgeleýär. Aprel-maý aýynda 10-12 sany sarymtyl reňkli ýumurtgalary goýýar. Ösümlik we haýwan iýmiti bilen iýmitlenýär, ýöne köplenç ter baldaklary, dänelileriň we ýaz otlaryň tohumlaryny çokýar.

Statusy: höwürtgeleýän döwründe seýrek, ýöne gyşlanda, käbir ýerlerde adaty we hat-da köpsanly görnüş. Awlamak gadagan, ýöne ol aw söýüjileriň aw guşy bolup biler (ýerli ady – "aňkawja" ýa-da "ogorek").

Полевые признаки: крупная утка **с характерной ярко-рыжей окраской** оперения. Голова рыжевато-белая. **На крыле большое белое пятно** и зеленое «зеркальце». **У самца – узкий «ошейник» черного цвета, у самки его нет**. Самки и молодые – блеклые. Клюв, ноги и хвост – черные. На земле держатся подолгу, много ходят, в полете крикливы. Голос – звонкое, но мягкое «гаанг-гаанг-гаанг». Длина – 60-68, крыло самцов – 35-40, самок – 32-37, размах крыльев – 120-145 см.

Сходства – различия: сходных видов по окраске оперения нет.

Распространение: гнездовая часть ареала – зоны пустынь и степей и горные озера – от Северо-Западной Африки до Монголии и Западного Китая. В Туркменистане неравномерно от Каспия до Амударьи, преимущественно на равнинах. Зимует в Малой и Передней Азии, Индии и Индокитае, местами в Северо-Западной и Северо-Восточной Африке.

Образ жизни: пролетает, гнездится, зимует. На пролете и зимовке – по долинам рек и берегам крупных водоемов. На гнездовье населяет соленые, реже пресноводные озера и разливы в пересеченной местности, тяготеет к мелководьям, лишенным растительности. Гнездо – в относительно глубоких наклонных норах, которые выкапываются птицами самостоятельно или они занимают старые норы лисиц, диких кошек, или естественные ниши в обрывах и углубления с нагромождениями камней. Кладка в апреле-мае из 10-12 яиц кремового цвета. Питается животной и растительной пищей, но больше побегами и семенами злаков и эфемеров.

Статус: на гнездовье редкий, но на зимовке, местами обычный и даже многочисленный вид. Добыча запрещена, однако, может служить объектом любительской охоты (местное охотничье название – "огорёк").

## 36. Ala gaz – *Tadorna tadorna* – Пеганка

Meýdan alamatlary: ýaşylbaşdan ulurak ölçegli, uly ördek. Reňkinde ak we gara öwüşginler utgaşýar we ördek

Полевые признаки: крупного размера, крупнее кряквы. Окраска – характерное сочетание светлых

uzakdan ala (gara-ak) bolup görünýär. Kellesi we boýny ýaldyrawuk gara, **döşündäki "boýunbagy" açyk-goňras reňkli**, ganatyndaky "aýnajyk" goýy ýaşyl öwüşgin atýan reňkli. **Çüňki açyk-gyzyl, horazynyň maňlaýynda düwünjik (çişjagaz) bolýar.** Aýaklary gülgüne, ýaşlary ala we öçügsi reňkli. Ganatlaryny seýrek kakyp, agyr uçýarlar. Suwda iýmitlenýär, ýöne suwa çümmeýär. Mäkiýanynyň sesi basyk, ýumşak we pessaýja gagyldy, horazynyňky -sykylykly "dýu-dýu-dýu-dýu". Uzynlygy – 55-70, horazlarynyň ganaty – 30-35, mäkiýanlarynyňky – 27-32, ganatlarynyň gerimi – 110-130 sm.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: görnüşleriň meňzeşi ýok, ýöne uçup barýan mahaly uly ýa-da uzynçüňkli jüptün ördekleriň horazlary bilen çalymdaşlyk etmegi mümkin, emma burnunyň ýasydygy bilen olardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Ýewraziýada tegmilleýin ýaýran. Höwürtgeleýän döwründe – Demirgazyk-Günbatar Ýewropanyň kenaryndan, tokaýsähra, sähra we ýarymçöllük zolakdan Gündogar Mongoliýa çenli, Orta we Alynky Aziýanyň çölleriniň käbir ýerinde duşýar. Orta Aziýada we Türkmenistanda düzlük giňişliklerde höwürtgeleýär, uçup geçýän wagty daglyk ýerlerde duşmaklary mümkin. Günbatar Ýewropanyň kenarýakasynda, Ortaýer deňzinde, Alynky Aziýada we Günorta-Gündogar Hytaýda bölekleýin gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýär we höwürtgeleýär, bölekleýin gyşlaýar. Kiçiräk topar bolup, ýa-da aýry-aýrylykda, seýrek kenarýakadan daşda höwürtgeleýär. Jübütligi durnukly. Höwürtgesini ýumşak toprakly ýerden gazan hininde gurýar, emma ýygy-ýygydan tilkileriň sürenlerinden ýa-da gum gaýalaryň tebigy köweklerinden peýdalanýar. Aprel - maýda 8-10 sany sarymtyl reňkli ýumurtgalary goýýar (birnäçe mäkiýanyň bir höwürtgä ýumurtga goýmaklary mümkin). Suwdaky dürli oňurgasyzlar, aýratyn-da leňňeçjikler, suwotulary bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sanly görnüş, uçup geçende käbir ýerlerde adaty, aw söýüjileriň aw guşy, ol goramaga degişli guş.

и темных тонов, из далека утка выглядит черно-белой. Голова и шея черные с отблеском, **на груди «ошейник» светло-каштанового цвета**, на крыле – «зеркальце» темно-зеленого переливчатого цвета. **Клюв ярко-красный и у самцов – с характерным вздутием у лба**. Ноги розовые. Молодые пестрые и окрашены бледнее. Полет тяжелый с нечастыми взмахами крыльев. Кормится на воде, не ныряет. Голос самки – глухое, мягкое и низкое кряканье, а самца – свистовое «дью-дью-дью-дью». Длина – 55-70, крыло самцов – 30-35, крыло самок – 27-32, размах крыльев – 110-130 см.

Сходства – различия: сходных видов нет, но в полете можно спутать с самцом большого или длинноносого крохаля, от которого отличается широким носом.

Распространение: пятнистое в Евразии. На гнездовье – от побережья Северо-Западной Европы, зоны лесостепей, степей и полупустынь до Восточной Монголии, местами – пустыни Средней и Передней Азии. В Средней Азии и Туркменистане на равнинах, гнездится, в горах, может быть, встречается на пролете. Зимует на побережьях Западной Европы, в Средиземноморье, частично в Передней Азии и Юго-Восточном Китае.

Образ жизни: пролетает и гнездится, частично зимует. Гнездятся небольшими группами или разрозненно, нередко вдали от берега. Пары постоянны. Гнездо устраивает в норах, которые выкапывает в мягком грунте, но часто использует норы лисиц или естественные углубления и ниши. В гнезде до 8-10 яиц кремового цвета (но в одно гнездо могут откладывать яйца несколько самок) в апреле-мае. Питается различными водными беспозвоночными, особенно рачками, водорослями.

Статус: немногочисленный вид, местами на пролете обычный, объект любительской охоты, охоты подлежит регламентация.

## Derýa ördekleri – *Anatinae* – Речные утки

Uly we orta ölçegdäki suwda ýüzýän guşlar. Boýny we aýaklary başgalara garanyňda gysga. Beýleki ördeklerden yzky barmagynyň inli deripisint gyra parawuzynyň ýokdugy bilen tapawutlanýar. Umuman, tebigatda çümýän ördeklerden suwda beýik oturýandygy bilen tapawutlanýar. Reňkleri dürli, görnüşleriň köpüsiniň ganatynda reňkli "aýnajygy" bolýar, jyns tapawudy (dimorfizm) aýdyň görünýär. Iýmitlenende doly suwa çümmeýär, olar suwa kellesini çümdürende, seýrek dik başşak bolup, guýrugyny dik ýokarlygyna tutup saklanýarlar. Iýmiti gatyşyk, ösümlik (tohumy, suw we suwýka ösümlikleriň baldagy), görnüşleriň bir topary bolsa, haýwan (suw oňurgasyzlary) bilen iýmitlenýärler.

Водоплавающие птицы крупных и средних размеров. Шея и ноги сравнительно короткие. Отличаются от других уток отсутствием широкой кожистой оторочки заднего пальца. В целом, от нырковых уток в природе отличаются высокой посадкой на воде. Окраска разнообразная, у многих видов на крыле цветное «зеркальце», хорошо выражен половой диморфизм. При кормежке полностью не ныряют, опуская голову в воду, нередко становясь вертикально хвостом к верху. Питание смешанное, употребляют растительную пищу (семена и стебли водных и околоводных растений), ряд видов питаются животными кормами (водные беспозвоночные).

## 37. Sakarja ördek – *Anas penelope* – Свиязь

Meýdan alamatlary: ýaşylbaşdan has kiçi ölçegli ördek. Çüňki we aýaklary gurşunpisint-çal reňkli. Gysgalan boýny we çüňki bilen tapawutlanýar, emma başgalara garanyňda **ganatlary uzyn we guýrugy çowly. Horazynyň kellesi goňurrak-goňras, maňlaýy**

Полевые признаки: утка размером значительно меньше кряквы. Клюв и ноги свинцово-серого цвета. Отличается укороченными шеей и клювом, но относительно **длинными крыльями и заостренным хвостом. У самца голова коричневато-каштановая, лоб**

**– sarymtyl-altyn öwüşginli, döşi – goýy-gyzyl, egni – ak, “aýnajygy” – ýaşyl. Mäkiýanynyň “aýnajygy” çalymtyl-gara, ýelek örtüginiň galany tutuşlygyna gara menekli** çalymtyl-goňur. Ýaş guşlary mäkiýanyndan tapawutlandyrmak kyn. Uçýan mahaly häsiýetli ak tegmili ganatlarynda görünýär. Sapalakly hereket edip, çalt uçýar. Seýrek suwa çümýär. Horazynyň sesi ýiti sykylyk – “whiirru”, mäkiýanynyňky sesli gagyldama-“krerr-krerr”. Uzynlygy 45-50, horazlarynyň ganaty – 25-28, mäkiýanlarynyňky – 22-26, ganatlarynyň gerimi – 75-85 sm.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: horazlary beýleki ördekleriň arasynda kellesiniň goňurrak-altyn öwüşginli reňki, mäkiýanlary bolsa, garnynyň akdygy we çüňküniň çaldygy bilen tapawutlanýar.

Ýaşaýan ýerleri: Arealynyň höwürtgeleýän bölegi – Demirgazyk Ýewraziýa. Günbatar Ýewropada, Ortaýer deňzinde, Kiçi, Alynky Aziýada, Demirgazyk Hindistanda, Merkezi we Gündogar Afrikanyň käbir ýerlerinde gyşlaýar. Orta Aziýanyň düzlük we daglyk ýerlerindäki dürli suw ýataklarda, Türkmenistanda Hazardan Amyderýa çenli gabat gelýär.

Ýaşaýşy: Uçup geçýän-gyşlaýan guş. Ýazky migrasiýasy mart-aprelde, güýzküsi – oktýabr-noýabrda. Gyş döwründe uly toplanma döretmeýär. Köllerde we suw howdanlarynda, derýa jülgelerinde, çöldäki akyndy suwlarda saklanýar. Köplenç ösümlik iýmiti – suwotular, dänelileriň şinelän tohumlary, seýrek oňurgasyzlar bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sanly, käbir ýerde seýrek görnüş, aw söýüjileriň aw guşy.

**– желтовато-золотистый, грудь – темно-красная, плечи белые, «зеркальце» – зеленое. У самки «зеркальце» серо-черного цвета, а все оперение, в целом, – серо-бурое** с темными пестринами. Молодые почти неотличимы от самок. В полете на крыльях видны характерные белые пятна. Полет маневренный и быстрый. Ныряет редко. Голос самца – резкий свист «вхиирру», самки – трескучее кряканье «крерр-крерр». Длина – 45-50, крыло самцов – 25-28, самок – 22-26, размах крыльев – 75-85 см.

Сходства – различия: самцы среди других уток выделяются коричнево – золотистой головой, а самки – белым брюшком и серым клювом.

Распространение: гнездовая часть ареала – Северная Евразия. Зимует в Западной Европе, Средиземноморье, Малой, Передней Азии, Северной Индии и Индокитае, местами в Центральной и Восточной Африке. В Средней Азии по различным водоемам на равнинах и горах, в Туркменистане от Каспия до Амударьи.

Образ жизни: пролетная, зимующая птица. Весенняя миграция в марте-апреле. Осенняя – в октябре-ноябре. В зимний период больших скоплений не образует. Придерживается озер и водохранилищ в долинах рек и сбросовых разливов в пустыне. Питается, преимущественно растительной пищей – водорослями, всходами злаков, редко беспозвоночными.

Статус: немногочисленный, местами редкий вид, объект любительской охоты.



## 38. Çal ördek – *Anas strepera* – Серая утка

Meýdan alamatlary: öý ördeginden we ýaşylbaşdan kiçi. Ganatynda **gara-ak häsiýetli “aýnajyk”. Horazy goýy-çal reňkli, döşi we gapdal böwürleri teňňesypat-çüwdürim nagyşly. Mäkiýany gara menekli goňur.** Aýaklary sarymtyl-mämişi, horazynyň çüňki garamtyl, mäkiýanynyňky – sary. Ýaş guşlar mäkiýanlary bilen meňzeş. Uçup barýarka bir reňkde bolup, ýaşylbaşa çalym edýär, emma bedeni gelşikli. Guşlar süri bolup uçanlarynda has gykylykly, ýygy-ýygydan “gepleşýän” ýaly eşidilýär. Sesi – mäkiýanynyňky gagyldama, emma ýaşylbaşa garanyňda has pert, horazynyňky inçeräk we owazly – “krrrek-krrrek”. Uzynlygy 45-55, horazlarynyň ganaty – 25-28, mäkiýanlarynyňky – 23-26, gerimi – 84-95 sm.

Meňzeşligi-tapawudy: beýleki ördeklerden ganatlarynyň goňras-goňur reňkinde gara-ak “aýnajygy” bilen tapawutlanýar. Horazynyň kellesiniň reňki tutuk, mäkiýanynyň çüňki sary.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän döwründe - Ýewraziýanyň we Demirgazyk Amerikanyň sähralyk tokaý, sähra we çöllük zolaklary. Orta Aziýada we Türkmenistanda düzlük giňişliklerdäki köllerde we derýalaryň jülgelerinde, aýratynda olaryň hanalarynda, Sarygamyş kölünde duşýar. Ýewropanyň günorta-günbatarynda, Afrikanyň demirgazyk-gündogarynda, Alynky Aziýanyň käbir ýerlerinde, Orta Aziýanyň günortasynda, Hindistanyň demirgazygynda, Hytaýyň we Demirgazyk Amerikanyň günortasynda gyşlaýar.

Полевые признаки: размером меньше домашней утки и кряквы. На крыле **характерное черно-белое «зеркальце». Самец темно-серого цвета с характерным чешуйчато-струйчатым рисунком на груди и боках. Самка бурая с черными пестринами**. Ноги желто-оранжевые, клюв – темный у самца и желтый у самки. Молодые схожи с самками. Полет быстрый, легкий и относительно шумный. В полете выглядит однотонно, напоминая крякву, но стройнее и более криклива, птицы в стае часто «переговариваются». Голос у самки – кряканье, но более резкое, чем у кряквы, у самца – звучное и низкое «крррек-крррек», напоминающее голос ворона. Длина – 45-55, крыло самцов – 25-28, самок – 23-26, размах крыльев – 84-95 см.

Сходства – различия: от других уток отличается черно-белым «зеркальцем» на фоне каштаново-коричневых крыльев. У самца неяркая голова, у самки – желтый клюв.

Распространение: на гнездовье – лесостепная, степная и пустынная зоны Евразии и Северной Америки. В Средней Азии и Туркменистане в равнинных частях по озерам и разливам в долинах рек, особенно в их дельтовых частях, на озере Сарыкамыш. Зимует на юго-западе Европы, северо-востоке Африки, местами в Передней и юге Средней Азии, на севере Индии и юге Китая и на юге Северной Америки.

Образ жизни: пролетный вид, частично гнездится и зимует. На гнездовье предпочитает острова

Ýaşaýşy: uçup geçýän, ýek-tük höwürtgeleýän, gyşlaýan görnüş. Höwürtgelän döwründe köllerdäki adalarda, suw ýataklarynyň otluk, yzgarly kenarýakalaryny saýlaýar. Aprel-maý aýlarynda 5-12 sany sarymtyl-çalymtyl - ýaşylymtyl öwüşginli ak reňkli ýumurtgalary goýýar. Uçup geçende we gyşlanda kiçiräk süri bolup gezýär. Suwotular we beýleki suw ösümlikleri bilen iýmitlenýär.

Statusy: az öwrenilen görnüş. Aw söýüjileriň aw guşy (ýerli ady "çalja"), emma baş sany az.

озер, сырые травянистые берега водоемов. Кладка – в апреле-мае из 5-12 яиц белого цвета с желтовато-серо-зеленоватым оттенком. На пролете и зимовке встречается небольшими стаями. Питается, в основном, водорослями и другой водной растительностью.

Статус: Недостаточно изученный вид. Объект любительской охоты (местное охотничье название – "серушка"), но численность не столь велика.

### 39. Sykylykçy jünekeý – *Anas crecca* – Чирок-свистунок

Meýdan alamatlary: ördekleriň arasynda iň maýdasy. **Horazynyň böwürleri inli ýaşyl zolaklanan bolup, kellesi goňras-goňur.** Emma, kellesi tutuşlygyna uzakdan gara ýaly bolup görünýär. Böwürleri çal bolup, garamtyl çüwdürim pisintli. Mäkiýany – gara menekli, goňur öwüşginli. **Guşlaryň ikisi-de ýaşyl reňkli "aýnajyk" ýalpyldawuk metal öwüşginli.** Çüňki kiçiräk we gara. Ýaşlary mäkiýana meňzeş. Guşlaryň uly sürä toplanmaklary hem mümkin, olar çalt uçýarlar. Horazynyň sesi üzlem-saplam we inçe sykylyk - "týurk-týurk" bolup, gylguýruk ördegiň horazynyň sesine meňzeş. Mäkiýany batly gagyldyly . Uzynlygy - 34-39, horazlarynyň ganaty – 17-20, mäkiýanlarynyňky – 16-19, ganatlarynyň gerimi – 58-65 sm.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: beýleki ördeklerden, uly jünekeý ördekden we beylekilerden, göwreleriniň kiçidigi, emma, kellesinde ak ýa-da sary reňkiň ýokdugy bilen has oňat tapawutlanýar. Mäkiýany uly jünekeý ördekden guýrugynyň gapdallary-

Полевые признаки: самая мелкая среди наших уток. У **самца голова каштаново-коричневая с широкими зелеными полосами по бокам**. Но издали вся голова кажется темной. Бока серые с темным струйчатым рисунком. Самка – бурого оттенка с черными отметинами. **У обоих полов – «зеркальце» зеленого цвета с металлическим блеском**. Клюв небольшой и черный. Молодые схожи с самками. Могут образовывать стаи, птицы в полете быстры и маневренны. Голос самца – отрывистый и низкий свист – «тюрк-тюрк», чем-то схожий с голосом самца шилохвости. Голос самки – кряканье – высокое и звонкое. Длина – 34-39, крыло у самцов – 17-20, у самок – 16-19, размах крыльев – 58-65 см.

Сходства – различия: мелким размером хорошо отличается от других уток, кроме чирка-трескунка, но от него отличается отсутствием белого или желтого цвета на голове. Самка отличается от чирка-






**Ördekleriň uçup barýarka görnüşi**: 1 – ýaşylbaş; 2 – gylguýruk ördek; 3 – sakarja ördek; 4 – çal ördek; 5 – tamdyra ördek; 6 – uly jünekeý ördek; 7 – uly jüptün ördek; 8 – sykylykçy jünekeý; 9 - uzynçüňkli jüptün ördek; 10 - kiçi jüptün ördek.
**Утки в полете**: 1 - кряква; 2 - шилохвость; 3 - свиязь; 4 - серая утка; 5 - широконоска; 6 - чирок-трескунок; 7 - большой крохаль; 8 - чирок-свистунок; 9 - длинноносый крохаль; 10 - луток.

ndaky ýagty tegmilleri we ýaşyl “aýnajygy” bilen tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: giň, arealynda höwürtgeleýän bölegi-Ýewraziýanyň demirgazygy we demirgazyk Amerikanyň (demirgazyk-gündogar oblastlaryndan başgalary) sähralyklaryndan tundra çenli aralygy öz içine alýar. Orta Aziýanyň we Türkmenistanyň suw ýataklarynyň hemmesinde duşýar, suwly köllere, düzlükdäki derýalaryň suw akan ýerlerine we çölde akyndy suwlaryň toplanan ýerlerine ýakyn durýar. Ýewropanyň günorta-günbatarynda we günortasynda, Ortaýer deňzinde,Alynky Aziýanyň käbir ýerlerinde, Orta Aziýanyň günortasynda, Hindistanyň hemme ýerinde, Merkezi Amerikada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-gyşlaýan guş. Ýazky migrasiýasy fewralyň ortasyndan mart aýynyň aýagyna çenli, güýzküsi - sentýabr-oktýabrda. Suw howdanlarynda bölekleýin ýaýran. Derýalaryň jülgelerinde, köllerde we ýurduň günorta bölegindäki suw basan ýerlerde, ýalpak suwly howdanlaryň kenarlarynda köp saklanýar, soňky ýyllarda gyşlanda uly sürülere toplanyp gezmegi azaldy. Suwda we suwýakasynda ösýän ösümlikler, az mukdarda suwdaky mör-möjekler we olaryň liçinkalary bilen iýmitlenýär.

Statusy: adaty, käbir ýerlerde köp sanly, uçup geçende hem örän köpsanly görnüş, aw söýüjileriň aw guşy.

трескунка светлыми пятнами по бокам хвоста и зеленым «зеркальцем».

Распространение: широкое, гнездовая часть ареала – северная половина Евразии и Северной Америки (кроме северо-восточных областей) от степей до тундр включительно. В Средней Азии и Туркменистане повсюду, где имеются водоемы, тяготеет к озерам и водоемам в долинах равнинных рек и сбросовым разливам в пустыне. Зимует на юго-западе и юге Европы, в Средиземноморье, местами в Передней и на юге Средней Азии, по всему Индостану и Индокитаю, в Центральной Америке.

Образ жизни: Пролетная, зимующая птица. Весенняя миграция с середины февраля и до конца марта, осенняя – в сентябре-октябре. Распределение по водоемам неравномерное. Тяготеет к речным долинам, озерам и разливам южной половины страны, придерживается мелководных берегов, массовых скоплений на зимовках в последние годы не образует. Питается зелеными частями водной и околоводной растительности, в меньшей степени водными насекомыми и их личинками.

Статус: обычный, местами многочисленный, на пролетах очень многочисленный вид, объект любительской охоты.

### 40. Ýaşylbaş – *Anas platyrhynchos* – Кряква

Meýdan alamatlary: öý ördegi ölçegli (öý ördekleriň köpüsiniň nesilbaşysy), ýabany ördekleriň

Полевые признаки: наиболее известная среди диких уток, размером с домашнюю (родоначальница большинства пород домашних



arasynda has tanalýany. Horazlaryna we mäkiýanlaryna **ak zolak bilen aýlanan gök-ýaşyl “aýnajyk” häsiýetli.** Olar galan alamatlary boýunça hem tapawutlanýarlar: horazynyň döşi goňurrak-goňras, **boýny we kellesi metal öwüşginli ýaşyl reňkli**, guýrugynyň üstündäki ýelekleri ýo-karlygyna gaňrylan, “ýakalygy” insiz ak we çüňki sarymtyl-ýaşyl. **Mäkiýany we ýaşlary garamtyl tegmillenen goňur ýelek örtükli.** Köplenç süri bolup gezýärler, howada toýnuk ýa-da kese çyzyk tutup, dowamly uçýarlar. Ýyrtyjy ýa-da adam tarapyndan abanan howpy mäkiýan ördekler ýaraty yaly jögülik edip, höwürtgeden daşlaşdyrmaga çalyşýar. Sesi - hemmäniň oňat tanaýan, gagyldama owazydyr. Uzynlygy - 50-65, horazlarynyň ganaty – 27-31, mäkiýanlarynyňky – 25-29, ganat-larynyň gerimi – 85-100 sm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: beýleki ördeklerden gök-ýaşyl “aýnajygy” we uly ölçegliligi bilen tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: giň – Ýewraziýanyň we Demirgazyk Amerikanyň (olara demirgazyk oblastlary goşulmanda) hemme ýerlerinde duş gelýär. Şol kontinentleriň günorta böleginde gyşlaýar. Türkmenistanda – dürli görnüşli suw ýataklarynda, Hazar deňzinden Amy-derýa çenli.

Ýaşaýşy: uçup geçýär, höwürtgeleýär we gyşlaýar, bir bölegi oturymly ýaşaýar. Deňziň, kölleriň, suw howdanlaryň, suw joşgunyndan dörän suwlaryň we düzlüklerdäki suw ýataklarynyň kenarlarynda gezýär. Gyşda sürümden soň suwarylýan ýerlerde duşýar. Olaryň jübütleşmegi güýz-gyş döwründe geçýär. Adatça, ýerde, süýji suwly

уток). Для самцов и самок **характерно сине-зеленое «зеркальце», окаймленное белой полоской**. В остальном они между собой отличаются: у самца – коричнево-каштановая грудь, **шея и голова зеленого цвета с металлическим отливом**, над хвостом – закрученные кверху концы перьев, узкий белый «воротник» и желто-зеленый клюв. **У самки и молодых оперение бурое с темными пятнами**. Часто держатся в стаях, летят клином или косой линией. Полет энергичный. При опасности со стороны хищников или человека самка пытается отвести в сторону от гнезда, притворяясь раненной. Голос – хорошо знакомое всем кряканье. Длина – 50-65, крыло у самцов – 27-31, у самок – 25-29, размах крыльев – 85-100 см.

Сходства – различия: от других уток отличается сине-зеленым «зеркальцем» и крупными размерами.

Распространение: широкое – почти вся Евразия и Северная Америка, исключая их северные области. Зимует в южных частях тех же континентов. В Туркменистане – от Каспия до Амударьи, в местах с наличием водоемов различного типа.

Образ жизни: пролетает, гнездится и зимует, часть особей оседла. Придерживается морских побережий, озер, водохранилищ, разливов и других водоемов на равнинах. В зимнее время попадаются на полях залитых водой. Пары формируются в осенне-зимний период. Гнездятся обычно на земле, среди травянистой растительно-

howdanlaryň kenarlarynda ösýän otlaryň arasynda höwürtgeleýär. Aprelde 7-13 sany ýaşylymtyl öwüşgini, gabygy ak ýumurtgalary goýýar. Jüýjeleri ýumurtgadan çykandan soň höwürtgäni taşlaýarlar we 1,5-2 aýdan soň uçurym bolýarlar. Suwda we suwýakasynda ösýän ösümlikleriniň ýaşyl böleklerini çürtýärler, şeýle-de, az mukdarda suwdaky oňurgasyzlary iýýärler.

Statusy: höwürtgeleýän döwründe az sanly, emma uçup geçende we gyşlanda iň bir adaty ördekler, käbir ýerlerde köp sanly, hatda örän köp sanly. Awçylaryň iň bir söýgüli aw guşlarynyň biri.

сти по берегам пресных водоемов. Кладка – в апреле, состоит из 7-13 яиц белого цвета с зеленоватым оттенком. Птенцы гнездо покидают после вылупления, на крыло становятся через 1.5 - 2 месяца. Употребляет зеленые части водной и околоводной растительности, поедает также водных насекомых, но в меньшей степени.

Статус: в гнездовое время немногочисленна, но на пролетах и зимовках одна из самых обычных уток, местами многочисленна и даже очень многочисленна. Один из излюбленных объектов охоты.

### 41. Gylguýruk ördek – *Anas acuta* – Шилохвость

Meýdan alamatlary: ýaşylbaşdan kiçi we gelşikli bedenli, orta ölçegdäki ördek. **Guýrugynyň bizşekilli uzalandygy we boýnunyň inçedigi bilen tanalýar (horazy).** Çüňki çalymtyl-mawy, aýaklary çal, goýy çal ýüzgüç perdeli. **Horazynyň kellesi we boýny melemtil-goňur reňkli.** Bedeniniň ýokarky bölegi we **garamtyl çüwdürim** nagyşly, böwürleri çal, **döşi we garny ak. Bürünç öwüşginli goýy-ýaşyl "aýnajygyň"** ýokarsy çypar gaýmaly, aşagy bolsa gara-ak zolakly. Mäkiýanynyň ýelek örtügi bir reňkli çalymtyl - goňur bolup, garamtyl menekli, "aýnajygy" garamtyl-goňur. Ýaşlary mäkiýanlaryna meňzes, ýöne üstki tarapy garamtyl, guýrugynyň ortasyndaky ýelekleri uzalmadyk. Çüňki goýy-çal. Suwa gowşak we islegsiz çümýär. Suwda oturanda guw ýaly boýnyny saklaýar ("S' harp), emma uçan wagty ony süýndirýär. Çalt we ýeňil uçýar. Horazynyň sesi gykylykly – "fýurrrk-fýürrrk", mäkiýanynyňky – öý ördeginiň gagyldysyna örän çalymdaş, ýöne ol diýen güýçli däl. Horazynyň uzynlygy - 60-75, mäkiýanynyňky – 50-56, horazlarynyň ganaty – 25-29, mäkiýanlarynyňky – 23-27, ganatlarynyň gerimi – 85-100 sm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: horazlary uçan mahaly döşüniň we garnynyň arassa akdygy anyk görünýär. Ondan daşary, horazlary inçeden uzyn guýrugy, mäkiýanlary çyparrak "aýnajykly", boýnunyň uzyndygy we çüňküniň çaldygy bilen tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: giň - Ýewraziýa, Merkezi we Demirgazyk Amerika, Demirgazyk Afrika. Arealynda höwürtgeleýän bölegi – Sähradan Tundra çenli uzalýar. Günbatar Ýewropada, Ortaýer deňzinde, Kiçi we Alynky Aziýada, Hindistanda we Hindihytaýda, şeýle-de Merkezi Afrikada we Merkezi Amerikada gyşlaýar. Orta Aziýanyň, şeýle-de Türkmenistanyň suw joşgunyndan akan we düzlüklerdäki ýalpak suwly suw ýatakly ýerlerinde duş gelýär.

Ýaşaýşy: uçup geçýän, bölekleýin gyşlaýan görnüş. Ýazky migrasiýasy has aýdyň - fewralyň ortasyndan apreliň aýagyna çenli, güýzkisi – sentýabryň ortasyndan noýabryň ortasyna çenli geçýär. Kölleriň, suw joşup toplanan suwlaryň, deňiz kenarýnyň ýalpak suwly ýerlerinde kiçiräk süri bolup duşýar. Köplenç ösümlik, az mukdarda haýwan iýmiti, şol sanda mör-möjekler, olaryň liçinkalary, balykgulaklar we leňňeçler bilen iýmitlenýär.

Statusy: adaty görnüş, awçylaryň söýýän aw guşy.

Полевые признаки: утка средних размеров, меньше кряквы и заметно стройнее. **Узнается (самцы) по удлиненному шиловидному хвосту и тонкой шее**. Клюв серо-голубой, ноги серые с темно-серыми перепонкам. **У самца голова и шея шоколадно-бурого цвета**. Верхняя часть тела и **бока серые** с темным струйчатым рисунком, **грудь и брюшко – белые**. **Темно-зеленое «зеркальце»** с бронзовым отливом, окаймлено сверху рыжей, а снизу черной и белой полосками. У **самки оперение однородного серо-бурого цвета** с темными пестринами, **а «зеркальце» черновато-бурое**. Молодые схожи с самками, но сверху темнее, центральные хвостовые перья не удлинены. Клюв темно-серый. Ныряет плохо и неохотно. Сидя на воде, короткую шею держит как лебедь (буквой «S»), но в полете ее вытягивает. Полет быстрый и легкий. Голос самца – крики «фюррркфюррpк», самки – очень похож на кряканье домашней утки, но не столь громкий. Длина у самцов – 60-75, у самок – 50-56, крыло самцов – 25-29, самок – 23-27, размах крыльев – 85-100 см.

Сходства – различия: в полете у самцов хорошо заметны чисто белые грудь и брюхо. Кроме того, самцы отличаются длинным тонким хвостом, а самки – удлиненной шеей, рыжеватым «зеркальцем» и серым клювом.

Распространение: широкое – Евразия, Центральная и Северная Америка, и Северная Африка. Гнездовая часть ареала – от степей до тундр включительно. Зимует в Западной Европе, Средиземноморье, Малой и Передней Азии, Индии и Индокитае, а также Центральной Африке и Центральной Америке. В Средней Азии, также и в Туркменистане – разливы и другие мелководные водоемы на равнинах.

Образ жизни: пролетный, частично зимующий вид. Весенняя миграция более заметная и происходит с середины февраля до конца апреля, осенняя – с середины сентября до середины ноября. Встречаются в небольших стаях на мелководьях по берегам озер, разливов, морском побережье. Питаются, преимущественно, растительными, в меньшей степени животными кормами, в частности, насекомыми, их личинками, моллюсками и рачками.

Статус: обычный вид, объект любительской охоты.

## 42. Uly jünekeý ördek – *Anas querquedula* – Чирок-трескунок

<u>Meýdan alamatlary:</u> sykylykçy jünekeý ördekden sähelçe ulurak, maýda ördek. **Horazy goýy-goňur, kellesindäki inli ak gaşy bilen tapawutlanýar**, döşi hem edil şol reňkde, emma garamtyl çüwdürim nagyşly. **Çalymtyl-ýaşyl “aýnajygy” ak gaýmaly, ganatlarynyň öňki tarapy çalymtyl-mawy reňkli. Mäkiýanynyň garamtyl bellikli ýelek örtügi goňur, çalymtyl “aýnajygy” ýalpyldysyz.** Häsiýeti boýunça sykylykçy jünekeý ördekden tapawutlanmaýar. Horazynyň sesi şowhunly-“kerr-kerr”, mäkiýanynyňky – batly we gaty sesli, sykylykçy jünekeýiňki ýaly gagyldama. Uzynlygy - 34-40, horazlarynyň ganaty – 18-21, mäkiýanlarynyňky – 18-20, ganatlarynyň gerimi – 60-69 sm.

<u>Meňzeşlikleri-tapawutlary:</u> mäkiýanlary we ýaşlary sykylykçy jünekeý ördekden kynlyk bilen tapawutlanýar, emma olardan tapawutlylykda uly jünekeý ördegiň guýrugynyň gapdallarynda ýagty menekleri ýok we çüňki tutuşlygyna goýy-çal reňkli.

<u>Ýaýran ýerleri:</u> arealynyň höwürtgeleýän bölegi – Ýewraziýa, günorta sähralyk zolagyndan tokaý tundra çenli. Orta Aziýada düzlüklerdäki we daglardaky suw ýataklarynda, Türkmenistanda – derýalaryň jülgelerinde we Hazar deňziniň kenarýakasynda. Hindistanda, Hindihytaýda we Merkezi Afrikada, Sahara çölünden günorta tarapda gyşlaýar.

<u>Ýaşaýşy:</u> uçup geçýän, bölekleýin uçup gezýän we gyşlaýan görnüş. Ýazky migrasiýasy martyň ortasyndan maý aýynyň başyna çenli, güýzküsi – awgustyň ortasyndan oktýabryň aýagyna çenli. Suw ýataklarynda, ýalpak suwly köllerde we suw akan otluk ýerlerde saklanýar. Ösümlik, köplenç haýwan (balykgulaklar, mör-möjekleriň liçinkalary, pes derejeli leňňeçler) iýmiti bilen has köp iýmitlenýär.

<u>Statusy:</u> uçup geçende adaty, galan wagty seýrek görnüş, awçylaryň aw guşy, awda onuň orny ujypsyz.

<u>Полевые признаки</u>: мелкая утка, чуть крупнее чирка-свистунка. **Самец отличается широкой белой бровью на темно-бурой голове**, грудь того же цвета, но с темным струйчатым рисунком. **«Зеркальце» серо-зеленое с белой каймой, а передние части крыльев серо-голубой окраски. Оперение самки бурое с темными отметинами, «зеркальце» сероватое без блеска**. По поведению почти не отличается от чирка-свистунка. Голос самца – трескучее «кэрр-кэрр», самки – звонкое и высокое кряканье как у самки чирка-свистунка. Длина – 34-40, крыло у самцов – 18-21, у самок – 18-20, размах крыльев – 60-69 см.

<u>Сходства – различия</u>: самки и молодые с трудом отличаются от чирков-свистунков, но в отличие от них у чирка-трескунка по бокам хвоста нет светлых пятен и клюв весь темно-серого цвета.

<u>Распространение</u>: гнездовая часть ареала – Евразия – в полосе от южных степей до лесотундры. В Средней Азии – водоемы на равнинах и в горах, в Туркменистане – по долинам рек и побережью Каспия. Зимует в Индии, Индокитае и Центральной Африке к югу от Сахары.

<u>Образ жизни</u>: пролетный вид, частично летующий и зимующий. Весенняя миграция с середины марта и до начала мая, осенняя – с середины августа и до конца октября. Придерживается водоемов различных типов, но чаще мелководных озер и разливов с травянистой растительностью. Питается растительной, но больше животной пищей (моллюски, личинки водных насекомых, низшие ракообразные).

<u>Статус</u>: на пролете обычный, в остальное время редкий вид, объект любительской охоты, роль которого в добыче незначительна.

## 43. Tamdyra ördegi – *Anas clypeata* – Широконоска

<u>Meýdan alamatlary:</u> ýaşylbaşdan kiçi, orta ölçegdäki ördek. **Adaty bolmadyk “kepje” görnüşli,** çüňki garamtyl (aýratyn-da, horazynyňky) reňki bilen tapawutlanýar. Aýaklary mämişi. **Horazynyň kellesi we boýny metal öwüşgünli ýaşyl, reňkleriň tapawudy ak döşinde aýdyň görünýär.** Garny we böwürleri goňras reňkli, ganatlarynyň öňki böleginiň üsti mawy, aşagy – ak. **Mäkiýany gara menekli çyparrak-goňur bolup,** ganatlary **ýaşyl “aýnajykly”.** Ýaşlary mäkiýanlaryna çalymdaş, ýöne has tutuk reňkli. Uly sürä toplanmaýarlar we suwda pes oturýarlar, şonuň üçin hem boýuny has gysga ýaly bolup görünýär. Ümsüm. Mäkiýan guşlaryň sesi batly gagyldama, horazynyňky pessaýja şapbyldama – “ssok-ssok”. Uzynlygy – 45-52, horazlarynyň ganaty – 23-25, mäkiýanlarynyňky – 21-24, ganatlarynyň gerimi – 70-85 sm.

<u>Meňzeşlikleri-tapawutlary:</u> uçan wagtynda anyk görünýän garamtyl garny, şeýle-de, **häsiýetli ýasy çüňki bilen** ördekleriň beýleki görnüşlerinden tapawutlanýar.

<u>Ýaýran ýerleri:</u> giň - tutuş Ýewra-

<u>Полевые признаки</u>: среднего размера утка, заметно мельче кряквы. Отличается **необычным клювом в виде «лопатки»** темного (особенно у самца) цвета. Ноги оранжевые. **У самца голова и шея зеленые, с металлическим отблеском, котрастируют с белой грудью**. Брюхо и бока каштановые, передняя часть крыла – сверху голубая, а снизу – белая. **Самка – рыже-бурая с черными пестринами и зеленым «зеркальцем»** на крыле. Молодые похожи на самок, но более тусклые. Больших стай не образует, на воде держится низко, и поэтому шея кажется очень короткой. Довольно молчалива. Голос у самок – звонкое кряканье, а у самцов – негромкое чмокающее «цсок-цсок». Длина – 45-52, крыло самцов – 23-25, у самок – 21-24, размах крыльев – 70-85 см.

<u>Сходства – различия</u>: от других уток отличается темным брюхом, хорошо видным в полете, а также **характерным расширенным клювом.**

<u>Распространение</u>: широкое – почти вся Евразия, Северная Аме-

ziýa, Demirgazyk Amerika (olaryň demirgazyk oblastlaryndan başga) we Demirgazyk-Gündogar Afrika. Arealynda höwürtgeleýän bölegi – günorta tundradan tä sähralyga çenli zolak. Orta Aziýada we Türkmenistanda, esasan, derýalaryň jülgelerindäki suw ýataklarynda we çöle akdyrylan suw toplumlarynda. Günorta-Günbatar we Günorta Ýewropada, Kiçi we Alynky Aziýada, Hindistanda, Hindihytaýda, Demirgazyk Amerikanyň günortasynda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-gyşlaýan, bölekleýin höwürtgeleýän görnüş. Ýazyna mart-aprelde, güýzine – sentýabryň ortasyndan noýabryň ortasyna çenli uçup geçýär. Düzlik giňişliklerindäki süýji we şor suwly köllerde saklanýar. Maý-iýun aýlarynda höwürtgeleýär we 4-11 sany sarymtyl reňkli ýumurtgalary goýýar. Suw oňurgasyzlar – leňňeçjikler, balykgulaklar bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sanly görnüş, awçylaryň aw guşy.

рика, за исключением их северных областей, и Северо-Восточная Африка. Гнездовая часть ареала – в полосе от южных тундр до степей включительно. В Средней Азии и Туркменистане в основном на водоемах по долинам рек и разливах в пустыне. Зимует – в Юго-Западной и Южной Европе, Малой и Передней Азии, Индии и Индокитае, на юге Северной Америки.

Образ жизни: пролетный, зимующий, частично гнездящийся вид. Весенний пролет в марте-апреле, осенний – с середины сентября до середины ноября. Придерживается мелководных как пресных, так и солоноватых водоемов на равнинах. Гнезда в мае-июне, в кладке от 4 до 11 яиц желтоватого цвета. Питается, в основном, водными беспозвоночными – рачками, моллюсками.

Статус: немногочисленный вид, объект любительской охоты.

### 44. Ekinçi ördek – *Marmaronetta angustirostris* – Мраморный чирок

Meýdan alamatlary: ölçegi kiçiräk, ýöne sykylykçy jünekeýden ulurak ördek. Çüňki uzalan, horazynyňky çal we mäkiýanynyňky - gara reňki, olaryň ikisiniň hem aýaklary goňur. **Horazynyň we mäkiýanynyň reňki meňzeş, arkasy we böwürleri bir reňkde, ýagty süýri tegmilli çyparrak-çal**, şolaryň hasabyna "mermer nagyşlary" döreýär. Gözünden ýeňsesine tarap garamtyl zolak geçýär. Ganatlarynda "aýnajyklary" ýok. Mäkiýanlary we ýaşlary azyrak öçügsi reňkli. Uçan mahaly beýleki jünekeý ördeklere çalym edýär, emma çalt we göni uçýar. Uzynlygy – 40 sm.

Полевые признаки: небольшая по размерам утка, но крупнее чирка-свистунка. Клюв удлинен, у самцов серого цвета, у самок – черного, ноги у тех и других бурые. **Окраска обоих полов однотонная рыжесерая с округлыми светлыми пятнами на спине и боках**, за счет которых образуется «мраморный рисунок». От глаза к затылку проходит темная полоса. **«Зеркальце» на крыле отсутствует**. Самки и молодые несколько тусклее. В полете похож на других чирков, полет быстрый и прямой. Длина – 40 см.

Сходства – различия: сходных



Meňzeşlikleri-tapawutlary: görnüşleriň arasynda ýelek örtüginiň reňki boýunça meňzeşi ýok.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi tegmilleýin – Ýewropanyň günorta-günbatar çetleri, Kiçi, Alynky we Orta Aziýada. Orta Aziýada düzlükden akýan derýalaryň jülgelerinde we Türkmenistanda, Etrekde, Garagum derýasynda, Amyderýa boýunda, Murgap we Tejen derýalarynda duşmamaklary mümkin. Ortaýer deňzinde, Alynky Aziýada, Hindistanyň demirgazyk-günbatar çetlerinde, Afrikanyň merkezi bölegíniň käbir ýerlerinde gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän görnüş, bir bölegi gyşlaýar. Ýazyna apreliň aýagynda uçup gelýär, güýzine – noýabrda uçup gidýär. Süýji suwly, düýbi we kenarlary gyrmançaly ýalpak köllerde saklanýar. Oazisleriň golaýyndaky oba hojalyk ekerançylyk we adamlaryň howp döretmegi mümkin bolan ýerlerinde mekan tutýar. Beýleki ördeklerden giç höwürtgeleýär. Maý aýynyň ortasynda kenardaky gury ýerlerde höwürtgeleýär we 7-12 sany ak-goňyr öwüşginli ýumurtgalary goýýar. Adatça, tomsuň ortasynda jüýjeleri çykýar. Ýalpak suwly ýerlerde iýmitlenýär, onuň esasyny ösümlikler we maýda oňurgasyzlar düzýär.

Statusy: örän seýrek, ýeterlik öwrenilmedik görnüş, MSOP-yň Gyzyl sahypasyna we Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen.

видов в окраске оперения нет.

Распространение: гнездовая часть ареала пятнистая – на крайнем юго-западе Европы, в Малой, Передней и Средней Азии. В Средней Азии по долинам равнинных рек, в Туркменистане в низовьях Этрека, по Каракумдарье и Амударье, возможно Мургабу и Теджену. Зимует в Средиземноморье, Передней Азии, крайнем северо-западе Индостана, местами в центральных частях Африки.

Образ жизни: прилетный, гнездящийся вид, часть особей зимует. Весной прилетает с конца апреля, осенью отлетает в ноябре. Придерживается мелководных пресных озер с илистыми берегами и дном. Селится в оазисах поблизости от сельскохозяйственных угодий, где может подвергаться угрозам со стороны человека. Сроки размножения поздние. Гнезда на сухих береговых участках не ранее середины мая, в кладке 7-12 белых с буроватым оттенком яиц. Птенцы обычно в средине лета. Кормятся на мелководьях, основу питания составляют растения и мелкие беспозвоночные.

Статус: очень редкий, недостаточно изученный вид, включен в Красный список МСОП и Красную книгу Туркменистана.

### Çümýän ördekler – *Aythyinae* – Нырковые утки

Uly we orta ölçegdäki suwda ýüzýän guşlar. Boýny we aýaklary beýlekilere garanyňda gysga. Ördekleriň beýleki görnüşlerinden yzky bar-

Водоплавающие птицы крупных и средних размеров. Шея и ноги сравнительно короткие. Отличаются от других уток наличием

magynda deripisintli inli parawuzyň we çüňküniň ulynda inli "dyrnajygyň" bardygy bilen tapawutlanýar. Tebigatda, derýa ördeklerinden tapawutlylykda, suwda pes oturýandygy bilen tapawutlanýar. Reňkleri dürli, görnüşleriň köpüsiniň ganatlarynda ak "aýnajyk" bolýar we jynsy dimorfizm (horazynyň mäkiýandan tapawudy) anyk görünýär. Derýa ördeklerinden tapawutlylykda gury ýerde, bedenini has dik tutup, agyrlyk bilen hereket edýär. Adatça, iýmitlenen wagty suwa çümýär. Iýmitinde haýwan iýmiti (suw oňurgasyzlary) agdyklyk edýär, görnüşleriniň birnäçesi ösümlikler (tohumlary, suw we suwýaka ösümlikleriň baldaklary) bilen iýmitlenýärler.

широкой кожистой оторочки заднего пальца и широкого «ноготка» на конце клюва. В целом, от речных уток в природе отличаются низкой посадкой на воде. Окраска разнообразная, у многих видов на крыле белое «зеркальце», хорошо выражен половой диморфизм. По земле передвигаются тяжело, держа тело, по сравнению с речными утками, более вертикально. При кормежке обычно ныряют. В питании преобладают животные корма (водные беспозвоночные), ряд видов употребляет и растительную пищу (семена и стебли водных и околоводных растений).

### 45. Almabaş ördek – *Netta rufina* – Красноносый нырок

Meýdan alamatlary: uly, emma, ýaşylbaşdan kiçi ördek. **Horazynyň çypar kellesi** gysgajyk hüpükli, boýny, döşi we garny gara, böwürleri ak. **Çüňki açyk-gyzyl. Mäkiýany birmeňzeş goňurrak-çal, duluklary ýagty-çal reňkli. Çüňki gara. Olaryň ikisiniň hem aýaklary gyzyl, ganatlarynyň yzky gyrasy boýunça ýagty zolagyň geçýändigi oňat görünýär.** Horazynyň gözi gyzyl, mäkiýanynyňky – goňur. Ýaşlary mäkiýana çalymdaş, ýöne garamtylrak. Çümýän ördekler edil beýlekileri ýaly suwuň üsünden ylgap, bat alandan soň ýokarlygyna galýar, emma gerek bolanda, oturan ýerinden uçmaga-da ukyplydyr. Adatça horazlary ümsüm, mäkiýanynyň sesi – "kerr-kerr-kerr" pert gagyldama. Uzynlygy – 52-57, ganaty – 23-27, ganatlarynyň gerimi – 85-89 sm.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: çüňküniň açyk-gyzyldygy we kellesiniň

Полевые признаки: крупная утка, но меньше кряквы. **У самца голова рыжая** с коротким хохолком, шея, грудь и брюхо черные, бока белые. **Клюв ярко-красный. Самка однородной окраски-буровато-серая со светло-серыми щеками. Клюв черный. Ноги у обоих полов красные, а по всему заднему краю крыла хорошо видна светлая полоса**. Глаза у самца – красные, у самки – бурые. Молодые похожи на самок, но темнее. Как и другие нырковые утки взлетает после разбега по воде, но при необходимости может взлетать сразу. Самцы обычно молчаливы, голос самки – резкое кряканье – «керр-керр-керр». Длина – 52-57, крыло 23-27, размах крыльев – 85-89 см.

Сходства – различия: от других уток самцы отличаются ярко-красным клювом и рыжей головой, а



çypardygy, mäkiýanynyň bolsa, duluk-larynyň agymtyldygy bilen beýleki ördekleriň ählisinden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Merkezi, Günorta we Günorta-Gündogar Ýewropada bölekleýin höwürtgeleýär, esasy höwürtgeleýän ýerleri – Gazagystanyň çöllük-sähra zolagy (gündogara Altaý daglaryna çenli) we Orta Aziýada Türkmenistanyň derýalarynyň jülgeleri bilen bilelikde. Ortaýer deňziniň, Zakawkaziýanyň, Alynky we Orta Aziýanyň käbir ýerlerinde, esasan, Hindistanyň demirgazygynda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän we gyşlaýan görnüş. Ýazky migrasiýasy – fewralyň aýagyndan apreliň başyna çenli, güýzküsi – sentýabr-oktýabrda. Noýabrda ol gyş-lamaga geçýär. Düzlüklerdäki kölleriň gamyşlyk ýerlerinde saklanýar. Höwürtgesini gamyş üýşmekleriniň we gamyş dykynlarynyň üstünde gurýar. Maý-iýun aýlarynda 6-15 sany çyparrak-ak reňkli ýumurtgalary goýýar. Hazar deňzinde we içki suwlarda uly sürä toplanyşyp gyşlaýar. Suw ösümlikleri, olaryň tohumlary we baldaklary bilen iýmitlenýär.

Statusy: Höwürtgeleýän döwri az sanly ýa-da adaty, uçup geçende we gyşlanda köpsanly, käbir ýerlerde has köpsanly görnüş. Awçylaryň iň gowy görýän aw guşy ("owgançy").

самка – светлыми щеками.

Распространение: гнездится разрозненно в Центральной, Южной и Юго-Восточной Европе, основная область гнездования – пустынно-степная зона Казахстана (на восток до Алтая) и Средней Азии, включая речные долины Туркменистана. Зимует местами в Средиземноморье, Закавказье, Передней и Средней Азии, но, в основном, – на севере Индостана.

Образ жизни: пролетный гнездящийся и зимующий вид. Весенняя миграция – с конца февраля до начала апреля, осенняя – в сентябре-октябре, в ноябре переходит в зимовку. Придерживается равнинных озер, заросших тростником и другой прибрежной растительностью. Гнезда обычно на тростниковых наносах и сплавинах. В кладке 6-15 яиц рыже-белого цвета в мае-июне. Зимуют на Каспии и внутренних водоемах, образуя местами очень большие стаи. Питается, в основном, водной растительностью, их семенами и побегами.

Статус: на гнездовье немногочисленный или обычный, на пролете и зимовке – многочисленный, местами очень многочисленный вид. Один из излюбленных объектов охоты (местное охотничье название – «афганка»).

### 46. Gyzylbaş garamtyl ördek – *Aythya ferina* – Голубая чернеть, или красноголовый нырок

Meýdan alamatlary: öý ördeginden kiçi, orta ölçegdäki ördek. **Horazynyň kellesi we boýny goňras-goňur reňkli**, arkasy çüwdürim nagyşly mawymtyl-çal, döşi we

Полевые признаки: среднего размера утка, заметно мельче домашней. **У самца голова и шея каштаново-коричневого цвета**, спина голубовато-серая с темным

guýrugynyň üsti gara. Çüňki gara bilen mawy. Gözleri gyzyl. **Mäkiýanynyň ýelek örtügi** birmeňzeş **goňur reňkli**, bokurdagy ýagty tegmilli, arkasy çal. Çüňki mawymtylrak gara. Aýaklary çal. Ýaşlary mäkiýana meňzeş, ýöne duluklary has agymtyl we bedeniniň aşagy menekli. Mäkiýanynyň we ýaş guşlaryň gözleri goňur. Suwda guýrugyny aşak sallap we arkasyny eňňit edip, pes oturýar. Çalt uçýar, emma suwdan sesli we agyr göterilýär. Köpelýän döwründe horazynyň sesi pessaýja sykylyk -“firr-firr”, mäkiýanynyňky pert we basyk gagyldama – “kerr-kerr”. Uzynlygy – 41-49, ganaty –18-22, ganatlarynyň gerimi – 70-80 sm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: ganatlary boýunça ak zolagyň geçmeýändigi, emma, ganatlarynyň ikinji tertipdäki pellpeleýiş ýelekleriniň ýagty-çal reňkli yerleri bilen ýakyn görnüşlerden tapa-wutlanýar.

Ýaýran ýerleri: tutuş Ýewropa, demirgazykdan başgalary, Aziýa – sähra, tokaýsähra we tokaýly zolagynyň günorta oblastlary, gündogara tä Baýkal kölüne çenli. Alynky Aziýada höwürtgeleýän ýerleri uly derýalaryň hanalary, Türkmenistanda - Amyderýanyň aşaky akymynda we Sarygamyş kölünde, uçup geçende we gyşlaýan wagty – Hazar deňzinden Amyderýa çenli uly suw ýataklarda. Günbatar Yewropada, Ortaýer deňzinde, Alynky we Orta Aziýanyň günortasynda, Hindistanyň we Hindihytaýyň demirgazygynda hem günortasynda, Demirgazyk-Gündogar Afrikada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän we gyşlaýan, bölekleýin höwürtgeleýän guş. Suw ýataklarynyň dür-

струйчатым рисунком, грудь и надхвостье черные. Клюв голубой, с черным. Глаза красные. У **самки оперение** однородно **бурого цвета**, на горле светлое пятно, спина серая. Клюв черный с голубоватостью. Ноги серые. Молодые сходны с самками, но с более бледными щеками и более пятнистым низом тела. Глаза у самок и молодых бурые. Посадка на воде низкая, с опущенным хвостом и покатой спиной. Полет быстрый, но с воды поднимается шумно и тяжело. Голос – у самца в период размножения – негромкий свист – «фирр-фирр», у самки – резкое и хриплое кряканье – «кэрр-кэрр». Длина – 41-49, крыло – 18-22, размах крыльев – 70-80 см.

Сходства – различия: в отличие от близких видов по крылу не проходит белая полоса, но на второстепенных маховых перьях крыла имеется участок светло-серого цвета.

Распространение: вся Европа за исключением северных областей, в Азии – степная, лесостепная и южные области лесной зоны, на восток до Забайкалья. В Средней Азии районы гнездования ограничены дельтами крупных рек, в Туркменистане низовьями Амударьи и озером Сарыкамыш, на пролете и зимовке – по всем крупным водоемам от Каспия до Амударьи. Зимует в Западной Европе, Средиземноморье, Передней и юге Средней Азии, на севере Индостана и южном Индокитае, Северо-Восточной Африке.

Образ жизни: пролетная и зимующая птица, возможно гнездящаяся. Населяет водоемы различных типов,



li yerlerinde mekan tutýar, deňiz kenarýakasyndan tä Amyderýa çenli çuň süýji suw ýataklarynda saklanýar. Ýazyna fewralyň ikinji ýarymynda we martda uçup geçýär, güýzkisi – sentýabr-oktýabrda. Noýabrda uçup geçmegi dowam edýär we basym ol gyşlamaga ýazyp, uly sürülere toplanýar, aýratyn-da Hazar deňzinde we içki suwly ýerlerde. Ösümlikler (ýaşyl baldaklary), seýrek haýwanlar (balykgulaklar, leňňeçler we mör-möjekleriň liçinkalary) bilen iýmitlenýär.

Statusy: adaty, käbir ýerde has köp we has köpsanly görnüş. Awçylaryň aw guşy (ýerli ady “gyzylbaş” ýa-da “çalja”).

предпочитает более глубоководные, от морских побережий до пресноводных озер. Весенний пролет – со второй половины февраля и в марте, осенний - в сентябре-октябре. В ноябре пролет продолжается и, переходит в зимовку, образуются большие скопления, особенно на Каспии и крупных внутренних водоемах. Питается растительной (зеленая масса водных растений), реже животной (моллюски, рачки и личинок насекомых) пищей.

Статус: обычный, местами многочисленный и очень многочисленный вид. Один из охотничьих видов птиц (местные охотничьи названия – «краснобаш» или «седыш»).

### **47. Gara ördek – *Aythya nyroca* – Белоглазая чернеть,** или **белоглазый нырок**

Meýdan alamatlary: gyzylbaş garamtyl ördekden kiçi, emma, jünekeýlerden ulurak, başgalardan maýda ördek. **Çyparrak-goňras ýelek örtüginde arkasy goýy goňur, guýrugynyň üsti we garny ak, ganatynyň yzky gyrasy kese ak zolakly (uçýan wagty).** Çüňki gara, aýaklary çal. Mäkiýany horazyna meňzeş, emma **goňur bilen çyparrak-goňras öwüşgini çalyşýar.** Ýaşlary mäkiýana meňzeş. Horazlarynyň gözi ak, mäkiýanynyňky we ýaşlarynyňky – gyzylymtyl-goňur. Suwa oňat çümýär we suwdan ýeňillik bilen howa göterilýär. Çalt we köp hereketli uçýar. Adatça ümsüm. Horazynyň sesi pessaýja basyk sesler, mäkiýanynyňky – pert gagyldama (gyzylbaş garamtyl ördegiňki ýaly). Uzynlygy – 37-43, ganaty –17-20, gerimi – 63-68 sm.

Полевые признаки: сравнительно мелкая утка, мельче голубой чернети, но крупнее чирка. **Оперение рыжевато-каштановое с темно-бурой спиной, белым подхвостьем и брюшком и белой полосой (в полете) вдоль заднего края крыла**. Клюв темный, ноги серые. Самка схожа с самцом, но **рыжевато-каштановый фон заменен бурым**. Молодые схожи с самкой. **Глаза у самца белые**, у самок и молодых – красно-бурые. Хорошо ныряет, с воды взлетает легко. Полет быстрый и маневренный. Обычно молчаливы. Голос самца – тихий хриплый звук, у самки – резкое кряканье почти как у самки голубой чернети. Длина – 37-43, крыло – 17-20, размах крыльев – 63-68 см.




**Ördekleriň uçup barýarka görnüşi**: 1 – almabaş ördek; 2 – gara ördek; 3 – gyzylbaş garamtyl ördek; 4 – jygaly ördek; 5 – garamtyl deňiz ördek; 6 – kekilli garamtyl ördek; 7 – deňizçi ala ördek; 8 - gögümtil ördek; 9 – uly gara ördek.

**Утки в полете**: 1 - красноносый нырок; 2 - белоглазый нырок; 3 - красноголовый нырок; 4 - гоголь; 5 - морская чернеть; 6 - хохлатая чернеть; 7 - морянка; 8 - синьга; 9 - турпан.



Meňzeşlikleri-tapawutlary: reňkiniň çyparrak-goňrasdygy we guýrugynyň aşagynyň akdygy, horazynyň bolsa, gözüniň akdygy bilen beýleki çümýän ördeklerden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Merkezi, Günorta-Gündogar, tegmilleýin Günorta Ýewropada, Gazagystanda, Orta we Alynky Aziýanyň käbir ýerlerinde höwürtgeleýär. Ortaýer deňzinde, Orta we Alynky Aziýanyň günorta bolüginiň käbir ýerlerinde, Hindistanyň demirgazyk-günbatarynda, Gündogar we Merkezi Afrikanyň ýek-tük ýerlerinde gyşlaýar. Orta Aziýada we Türkmenistanda – düzlüklerdäki derýalaryň jülgelerinde.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän, bölekleýin gyşlaýan guş. Ýazyna fewralyň aýagyndan apreliň ortasyna çenli, güýzüne – sentýabr-oktýabrda uçup geçýär. Jübüt ýa-da kiçiräk topar bolup, suwdaky topbak ösen gamyşlaryň ýa-da dykyn bolan gamyşlaryň üstünde höwürtgeleýär. 7-15 sany ýaşylymtyl öwüşginli açyk-goňur ýumurtgalary goýýär. Dürli höwürtgelerdäki ýumurtgalardan çykan jüýjeler sürä toplanýarlar, olar iýulyň aýagynda we awgustda uçurym bolýarlar. Suw ösümlikleri,şeýle-de oňurgasyz haýwanlar (balykgulaklar, mör-möjekler) bilen iýmitlenýär.

Statusy: gowşak öwrenilen seýrek görnüş, MSOP-yň Gyzyl sahypasyna we Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen.

Сходства – различия: от других наших нырков отличается рыжевато-каштановой окраской и белым подхвостьем, а самцы – белыми глазами.

Распространение: гнездится в Центральной, Юго-Восточной, пятнами в Южной Европе, Казахстане, местами Средней и Передней Азии. Зимует в Средиземноморье, местами на юге Средней и в Передней Азии, на северо-западе Индостана, в Восточной и кое-где Центральной Африке. В Средней Азии и Туркменистане по долинам равнинных рек.

Образ жизни: пролетная, гнездящаяся, частично зимующая птица. Весной пролетает с конца февраля и до середины апреля, осенью – сентябрь-октябрь. Гнездится на заломах или сплавинах тростника у воды, парами, или небольшими группами. В гнездах 7-15 светло-бурых с зеленоватым оттенком яиц. Птенцы из разных гнезд после оставления гнезда собираются в стайки, летными становятся в конце июля-начале августа. Питается как водными растениями (водоросли и семена), так и беспозвоночными животными (насекомые, моллюски).

Статус: слабо изученный редкий вид, внесен Красный список МСОП и Красную книгу Туркменистана.

## 48. Kekilli garamtyl ördek – *Aythya fuligula* – Хохлатая чернеть

Meýdan alamatlary: garamtyl we gyzylbaş deňiz ördekden sähelçe kiçi, orta ölçegdäki ördek. **Horazynyň kel-**

Полевые признаки: утка средних размеров, чуть меньше голубой и морской чернетей. **У самца на го-**

**lesi sallanyp duran uzyn hüpükli. Reňki gara-ala,** böwürleri we garny ak, ýelek örtüginiň galan ýeri gara. Gözleri sary, çüňki we aýaklary gara ýüzgiç perdeli çal. **Mäkiýany gowşak görünýän hüpükli goňur (diňe kellesiniň yzky böleginde gara reňk saklanýar)**, garny agymtyl we çüňkiniň düýbi ak tegmilli. Ýaşlary mäkiýanyna meňzeş, emma hüpüksiz we gözleri goňňurrak-sarymtyl. Okgunly uçýar, suwa oňat çümýär, suwdan ýeňillik bilen ýokary galýar. Ümsüm. Horazlarynyň sesi pessaý, basyk sykylyk, mäkiýanynyňky – gödek gyryljyk gagyldama, garamtyl deňiz ördeginiňki ýaly. Uzynlygy – 40-45, horazynyň ganaty – 19-22, mäkiýanlarynyňky – 18-21, ganatlarynyň gerimi – 66-74 sm.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: horazy arkasynyň garadygy we hüpüklidigi, mäkiýanynyň – çüňkiniň düýbinde ak halkanyň ýokdugy (diňe tegmiljik) bilen garamtyl deňiz ördekden tapawutlanýar. Gözüniň sarydygy bilen gyzylbaş garamtyl ördekden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi Ýewraziýada – tutuş Ýewropa, günorta oblastlaryndan başgalarynda, Aziýa – inli zolak bolup, sähra zolagyndan, tundranyň günorta gyrasyna we Kamçatkanyň gündogaryna çenli. Gündogar Ýewropada, Ortaýer deňzinde, Gara we Hazar deňizlerinde, Orta we Alynky Aziýanyň günorta böleginde, Demirgazyk Hindistanda we Günorta Hytaýda, Demirgazyk - Gündogar Afrikada gyşlaýar. Alynky Aziýada we Türkmenistanda – Hazar deňziniň kenarýakasynda we içki suw howdanlarda.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-gyşlaýan

**лове длинный ниспадающий хохолок. Окраска контрастная, черно-белая**, бока и брюшко – белые, остальное оперение черное. Глаза желтые, клюв и ноги серые с черными перепонками. **Самка бурая (черный цвет только на задней части головы) с менее заметным хохолком**, беловатым брюшком и белым пятнышком у основания клюва. Молодые схожи самками, но без хохолка и с буровато-желтыми глазами. Полет стремительный, хорошо ныряет, с воды поднимается легко. Молчаливы. У самца голос – негромкий, приглушенный свист, у самки – грубое, хриплое кряканье, как у морской чернети. Длина – 40-45, крыло у самцов – 19-22, у самок – 18-21, размах крыльев – 66-74 см.

Сходства – различия: от морской чернети самец отличается черной спиной и хохолком, а самка отсутствием белого кольца (только пятнышко) у основания клюва. От голубой чернети отличается желтыми глазами.

Распространение: гнездовая часть ареала в Евразии – вся Европа, кроме южных областей, в Азии – широкая полоса от степной зоны до южной кромки тундры и на восток до Камчатки. Зимует в Западной Европе, Средиземноморье, Черном и Каспийском морях, южных частях Средней и Передней Азии, Северном Индостане и Южном Китае, Северо-Восточной Африке. В Средней Азии и Туркменистане – по каспийскому побережью и внутренним водоемам.

Образ жизни: пролетный. зимующий вид. Весенний пролет – с конца марта и в апреле, осенний – в



görnüş. Ýazyna martyň soňundan we aprelde, güýzine – oktýabr we noýabrda uçup geçýär. Süri bolup ýygy - ýygydan gyzylbaş, garamtyl ördekler bilen bile uly suw ýataklarynda we deňiz kenarýakasynda saklanýar. Suw ösümlikleriniň ýaşyl garyndysy we tohumlary bilen iýmitlenýär.

Statusy: adaty, käbir ýerlerde köpsanly, hatda örän köpsanly görnüş. Awçylaryň aw guşy (ýerli ady "garaja").

октябре и ноябре. Держится в стаях по крупным водоемам и на морских берегах, в стаях часто с голубой чернетью. Питается, преимущественно, зеленой массой и семенами водной растительности.

Статус: обычный, местами многочисленный и даже очень многочисленный вид. Объект любительской охоты (местное охотничье название – «чернушка»).

## 49. Deňiz garamtyl ördegi – *Aythya marila* – Морская чернеть

Meýdan alamatlary: gyzylbaş we kekilli garamtyl ördekden ulurak, daşky sypatlary has meňzeşiräk, orta ölçegdäki ördek. Emma, **horazynyň kellesi, döşi we guýrugynyň üsti gara, böwürleri we garny ak. Arkasy garamtyl kese suw çüwdürimli nagyşlanan açyk-çal. Mäkiýanynyň gara reňki goňur bilen çalyşýar. Çüňkiniň düýbiniň töweregi anyk saýgardýan ak halkaly.** Käte gulagyna ýanaşyk ýagty tegmili bolýar. Gözleri sary, çüňki we aýaklary mawymtyl-çal. Ýaşlary mäkiýanlary ýaly, emma, çüňkleriniň düýbindäki ak halka gowşak saýgardýar ýa-da bolmaýar. Gözleri sarymtyl-goňur. Suwa örän oňat çümýär, suwdan ýeňillik bilen ýokary galýar, çalt uçýar. Horazynyň sesi sykylyga meňzeş, emma, gaty däl – "switii…", mäkiýanynyňky – gödek gagyldama "kyrrr-kyrrr". Uzynlygy – 41-50, ganaty – 20-24, ganatlarynyň gerimi – 70-85 sm.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: horazy arkasynyň ýagty-çaldygy we hüýpüginiň ýokdygy, mäkiýany – çüňkiniň düýbinde inli ak halkanyň bardygy bilen kekilli garamtyl ördekden tapawutlanýar. Gözüniň sarydygy bilen gyzylbaş garamtyl ördekden

Полевые признаки: утка средних размеров, крупнее голубой чернети и хохлатой, с которой больше схожа внешне. Но **у самца голова, грудь и надхвостье черные, бока и брюшко белые. Спина светло-серая с темным поперечным струйчатым рисунком. У самки черный цвет заменен бурым. Вокруг основания клюва хорошо заметное светлое кольцо**. Иногда имеется светлое пятно и в области уха. Глаза желтые, клюв и ноги – голубовато-серые. Молодые почти как самки, но кольцо у основания клюва менее выражено или отсутствует. Глаза желто-бурые. Прекрасно ныряет, с воды поднимается легко, полет быстрый. На пролете и зимовке молчаливы. Голос самца – свист, но не громкий – «свитии…», у самки грубое кряканье – «кырррр-кыррр». Длина – 41-50, крыло – 20-24, размах крыльев – 70-85 см.

Сходства – различия: от хохлатой чернети самец отличается светло-серой спиной и отсутствием хохолка, а самка – белым широким кольцом у основания клюва. От голубой чернети отличается желтыми

tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynyň höwürtgeleýän bölegi – Ýewraziýanyň we Amerikanyň tundra, tokaýly tundra we demirgazyk taýga zolagy. Ýewropanyň we Gündogar Aziýanyň deňizleriniň kenarýakasynda, Demirgazyk Amerikanyň günbatarynda we gündogarynda gyşlaýar. Orta Aziýada we Türkmenistanda – Hazar deňziniň kenarýakasynda we beýleki uly suw ýataklarda.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-gyşlaýan görnüş. Oktýabrda uçup gelýär, martda – uçup gidýär. Ýekelikde ýa-da kekilli we gyzylbaş garamtyl ördekler bilen kiçiräk topar bolup gezýär. Haýwan, şeýle-de ösümlik bilen iýmitlenýär, olary suwdan ýa-da suwuň ýüzünden çöpleýär.

Statusy: seýrek guş, awçylar beýleki çümýän ördekler bilen bilelikde aw guşy hökmünde awlaýarlar.

---

**50, 51, 52.** *Bellik*: **alaja kekilli ördek – *Anas falcata,*** tötänden uçup gelip, içki suw ýataklarynda duşmagy ahmal, onuň horazy we mäkiýany daşky görnüşi boýunça sykylykçy jünekeý ördegiň horazyna we mäkiýanyna meňzeş, emma soňkydan mese-mälim uly.

Hazar deňzinde, aýratyn-da, noýabr-ýanwar aýlarynda, seýrek çümýän deňiz ördekleriniň tötänden uçup gelen görnüşleriniň duşmagy mümkin: **Deňizçi ala ördegi** – ***Clangula hyemalis,*** onuň horazy çüňkiniň gysgadygy, guýrugynyň uzyn sapakşekillidigi we boýnunyň akdygy; mäkiýany bolsa, gysga guýruklydygy, kellesiniň açyk reňkli, emma depesiniň we ýaňaklarynyň garamtyldygy bilen tapawutlanýar. **Gögümtil ördek – *Melanitta nigra,*** onuň horazy tutuşlygyna gara reňkli, mäkiýany – agymtyl "ýaňakly" goňur. Guşlaryň ikisiniň-de guýruklary pahna şekilli we gaty, üstki çüňküniň düýbinde ýogna ösüntgi bolýar.

глазами.

Распространение: гнездовая часть ареала – тундра, лесотундра и северная тайга Евразии и Америки. Зимует на морских побережьях Европы и Восточной Азии, запада и востока Северной Америки. В Средней Азии и Туркменистане попадается на Каспии и других крупных водоемах.

Образ жизни: пролетный, зимующий вид. Прилетает в октябре, отлетает в марте. Держится одиночно или небольшими группами в стаях с хохлатой или голубой чернетями. Питается как животной, так и растительной пищей, которую добывает в воде или с ее поверхности.

Статус: редкая птица, добывается во время охоты вместе с другими нырками.

---

**50, 51, 52.** *Примечание*: На внутренние водоемы не исключены крайне редкие залеты **касатки - *Anas falcata,*** самец и самка которой внешне в чем-то схожи с самцом и самкой чирка-свистунка, но заметно крупнее.

На Каспии, особенно в ноябре-январе, могут редко попадаться залетные морские нырковые утки: **морянка – *Clangula hyemalis,*** отличия у самца короткий клюв и длинный нитеобразным хвост и белая шея; а у самок хвост короткий, голова светлая, но с темным теменем и щеками; **синьга** – ***Melanitta nigra,*** самец полностью черного цвета, а самка – бурая со светлыми «щеками», у обоих полов – хвост клиновидный и жесткий, у основания надклювья имеется утолщение в виде выроста.



### 53. Uly gara ördek – *Melanitta fusca* – Обыкновенный турпан

Meýdan alamatlary: öý ördeginiň ölçeginde. **Horazynyň ýelek örtügi, kiçiräk ak "aýnajykda" we gözüniň aşagyndaky menekden galan ýeri tutuşlygyna gara.** Çüňki mämişi, düýbi gara we sähelçe çişik. Aýaklary gara ýüzgüç perdeli gyzylymtyl-gülgüne. **Mäkiýanynyň ýelek örtügi goýy goňur, gulaklary ak bellikli** we çüňki bilen gözüniň arasy ýagty täk tegmilli (mydama däl). Ýaşlary mäkiýanlaryna meňzeş, emma kese zolakly, aýratyn-da, garyn tarapy has ala. Agyrlyk bilen az hem höwessiz uçýar, ýöne örän ökdelik bilen suwa çümýär. Horazy ümsüm, örän seýrek basyk-hyžžyldyly ses çykarmagy mümkin, mäkiýany uçýan mahaly peltek pessaý gagyldaýar– "kraa-kraa-kraa". Uzynlygy – 50-59, horazlarynyň ganaty – 26-29, mäkiýanlarynyňky – 23-27, ganatlarynyň gerimi – 90-100 sm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: bizdäki çümýän ördekleriň görnüşleriniň arasynda meňzeşi ýok. Gögümtil ördekden ak "aýnajygy" we kellesiniň gapdallaryndaky menekleri, uçýan wagty – ganatlarynyň yzky bölegindäki ak reňki bilen tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän ýerleri Ýewropada – gunorta tundranyň demirgazyk taýga zolagy, Aziýada we Demirgazyk Amerikada

Полевые признаки: крупная утка, размером с домашнюю. **У самца все оперение черное с небольшими белыми «зеркальцем» и отметиной под глазом**. Клюв оранжевый с черным и слегка вздутым основанием. Ноги красно-розовые с черными перепонками лап. **У самки оперение темно-бурое с белой отметиной на ухе** и нечетким светлым пятном (не всегда) между клювом и глазом. Молодые схожи с самками, но более пестрые, с поперечными полосами, особенно на брюхе. Полет тяжелый, летает мало и неохотно, но прекрасно ныряет. Самцы молчаливы, очень редко могут подавать шипяще-хриплые звуки; самка кричит обычно в полете – низкое картавое кряканье – «краа-краа-краа». Длина – 50-59, крыло самцов – 26-29, самок – 23-27, размах крыльев – 90-100 см.

Сходства – различия: среди других наших нырковых уток сходных видов нет. От синьги отличается белыми «зеркальцем» и отметинами по бокам головы, а в полете – белым цветом на задней половине крыла.

Распространение: область гнездования в Европе – полоса южной тундры с северной тайгой, в Азии и Северной Америке шире – от южной тундры до степной зоны.

giň – günorta tundradan sähra zolagyna çenli. Günbatar we Demirgazyk-Günbatar Ýewropanyň, Gündogar Aziýanyň kenarýakalarynda, Demirgazyk Amerikanyň günbatarynda we gündogarynda, Gara we Hazar deňizlerinde gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-gyşlaýan görnüş. Oktýabrda uçup gelýär, martda – uçup gidýär. Hazarda gyşlaýan wagty beýleki çümýän ördekler bilen bilelikde duş gelýär. Oňurgasyzlaryň liçinkalary we balykgulaklar bilen iýmitlenýär.

Statusy: seýrek, käbir ýyllarda örän seýrek, bizde entäk öwrenilmedik guş.

Зимует на побережьях Западной и Северо-Западной Европы, Восточной Азии, запада и востока Северной Америки, Черном и Каспийском морях.

Образ жизни: прилетно-зимующий вид. Прилетает в октябре, отлетает в марте. На каспийских зимовках попадается вместе с другими нырками. Питается личинками беспозвоночных и моллюсками.

Статус: редкая, в некоторые годы очень редкая, почти не изученная у нас птица.

### 54. Jygaly ördek – *Bucephala clangula* – Обыкновенный гоголь

Meýdan alamatlary: başgalara garanyňda inçe boýunly, süýri uly kelleli, orta ölçegli ördek. **Horazynyň arkasy we guýrugy gara, kellesi hem gara, emma ýaşyl öwüşginli**, çüňkiniň we gözüniň aralygy ak süýri tegmilli. Çüňki gara, gysga, ujy çowly. **Mäkiýanynyň kellesi we boýny meneksiz melemtil-goňur reňkli, emma “boýunbagy” insiz ak.** Çüňki çal, uç tarapynyň öň ýany sary zolakly. Ýelek örtüginiň galan ýeri çalymtyl-goňur, ýagty “aýnajykly”. Guşlaryň ikisiniň-de aýaklary gara ýüzgüç perdeli mämişi-sary. Guşlar dowamly çümmäge ukyply. çalt uçýar, ganatlarynyň kakuw tizliginde häsiýetli zarply ses eşidilýär. Hüşgär we örän ümsüm. Sesi seýrek eşidilýär, basyk gagyldama. Uzynlygy – 40-50, horazlarynyň ganaty – 20-23, mäkiýanlarynyňky – 18,5-20,5, ganatlarynyň gerimi – 65-83 sm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: bizdäki beýleki çümýan ördekleriň arasynda meňzeş görnüş ýok.

Полевые признаки: утка среднего размера с округлой заметно большой головой на сравнительно тонкой шее. **У самца спина и хвост черные, голова тоже черная, но с зеленым отливом** и округлым белым пятном между клювом и глазом. Клюв черный, короткий, суживающийся к вершине. **У самки голова и шея шоколадно-бурого цвета без пятна, но с белым узким «ошейником»**. Клюв серый с желтой предвершинной полоской. Остальное оперение серо-бурое, со светлым «зеркальцем». Ноги у обоих полов оранжево-желтые с черными перепонками лап. Птица способна подолгу нырять. Полет быстрый, при взмахах слышен характерный звенящий звук. Осторожен и очень молчалив. Голос, подает редко. Кряканье хриплое, длина – 40-50, крыло у самцов – 20-23, у самок – 18.5-20.5, размах крыльев – 65-83 см.

Сходства – различия: среди других наших нырковых уток сходных видов нет.



Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi – Ýewraziýanyň we Demirgazyk Amerikanyň tokaý zolaklary. Günbatar we Günorta Ýewropada, Orta Aziýada, Gündogar Aziýanyň kenarlarynda, Demirgazyk Amerikanyň günbatarynda we gündogarynda gyşlaýar. Orta Aziýada we Türkmenistanda – içki suw ýataklarynda we Hazar deňzinde bölekleýin ýaýran.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-gyşlaýan guş. Ýazyna fewralyň aýagyndan apreliň ortasyna çenli, güýzine - oktýabr we noýabr aýlarynda uçup geçýär. Adatça, ýekelikde ýa-da kiçiräk topar bolup gezýär. Suwdaky oňurgasyz haýwanlar we maýda balyklar bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sanly görnüş, beýleki çümýän ördekler bilen bilelikde awlanýan guş.

Распространение: гнездовая часть ареала – лесная зона Евразии и Северной Америки. Зимует в Западной и Южной Европе, Средней Азии, на побережьях Восточной Азии, запада и юга Северной Америки. В Средней Азии и Туркменистане – неравномерно по внутренним водоемам и на Каспии.

Образ жизни: пролетная, зимующая птица. Весенний пролет проходит с конца февраля до середины апреля, осенний – в октябре и ноябре. Держится обычно одиночками или небольшими группами. Питается водными беспозвоночными животными и мелкой рыбой.

Статус: немногочисленный вид, может добываться охотниками вместе с другими нырками.

### Juptün ördekler – *Merginae* – Крохалиные

Ördekleriň balyklar bilen iýmitlenmäge ýörüteleşen topary bolup, çüňkleriniň inçeden uzyndygy we gyralarynyň typançak balygy saklamak üçin ýiti dişlidigi we çüňkiniň ujynyň “dyrnak” görnüşinde gaňyrçaklydygy bilen tapawutlanýarlar. Bedeniniň gurluşy tersaýakýalylara we ýogla şekillilere meňzeş. Suwda oňat we dowamly çümýär.

Группа специализированных уток, отличающихся узким удлиненным клювом с острыми зубцами на краях для удержания скользкой рыбы, которой питаются, и «ноготка» в виде крючка на конце клюва. Телосложением схожи с поганками и гагарами. Хорошо и подолгу ныряют.

### 55. Kiçi jüptün ördek – *Mergellus albellus* – Луток

Meýdan alamatlary: jünekeý ördeklerden sähelçe gabarak, hüpükli (almabaş ördek ýaly), kiçiräk ördek. **Horazynyň ýelek örtügi, gara arkasyndan we ganatlaryndaky gara nagyşlardan galany tutuşlygyna ak.** Gözleri goýy-çal. Boýnunyň yzky

Полевые признаки: небольшая утка, размером чуть крупнее чирка, с небольшим хохолком (как у красноносого нырка). **У самца все оперение белое, кроме черной спины и черного рисунка на крыльях**. Глаза темно-серые. На зад-

tarapy gara menekli, çüňkiniň we gözüniň arasy gara tegmilli, uçýan wagtynda, olar görünýär. Böwürleri açyk çal reňkli. **Mäkiýanynyň ýelek örtüginiň hemmesi çal, kellesi goňur, garny, petekesi we duluklary ak.** Gözleri gyzylymtyl-goňur. Iki guşuň hem aýaklary we çüňki çal. Suwda oňat ýüzýär we çümýär. Uçuşy çalt we köp hereketli. Örän ümsüm. Horazynyň sesi şowhunly - "kirr-rik", mäkiýanynyňky gyryljyk – "frrr-frrr". Uzynlygy – 37-45, horazlarynyň ganaty –19-21, mäkiýanlarynyňky – 17-19, ganatlarynyň gerimi – 55-70 sm.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: görnüşleriň arasynda ýelek örtüginiň reňki boýunça meňzeşi ýok. Jüptün ördekleriň arasynda iň maýdasy. Uçup barýarka sykylykçy jünekeý bilen çalymdaşlyk edýär, emma ondan tokarrak görünýär.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän ýerleri Ýewraziýa – tokaýly sähra zolagyndan günorta tundra çenli. Merkezi we Günbatar Ýewropada, Gara we Hazar deňizlerinde, Orta we Alynky Aziýanyň käbir ýerlerinde, Gündogar we Günorta-Gündogar Hytaýda gyşlaýar. Türkmenistanda – bölekleýin, balyga baý bolan suw ýataklarynda duşýar.

Ýaşaýşy: uçup gelýän-gyşlaýan guş. Ýazyna fewralyň ortasyndan we martda, güýzine - oktýabryň ortasyndan we noýabrda uçup geçýär. Balyga baý bolan suw ýataklarynda saklanyp, olar bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sanly, uçup geçende käbir ýerlerde adaty görnüş. Aw guşy hökmünde awçylaryň arasynda meşhur däldir.

ней стороне шеи черная отметина, между клювом и глазом черное пятно, которое видно и в полете. Бока светло-серые. **У самки почти все оперение серое, голова коричневая, брюхо, зоб и щеки белые**. Глаза красно-бурые. Ноги и клюв у обоих полов серые. Хорошо плавает и ныряет. Полет быстрый и маневренный. Очень молчалив. Голос у самца – трескучее «кирр-рик», у самки – хриплое – «фррр-фррр». Длина – 37-45, крыло у самцов – 19-21, у самок – 17-19, размах крыльев – 55-70 см.

Сходства – различия: сходных видов в окраске оперения нет. Самый мелкий из всех крохалей. В полете можно спутать с чирком-свистунком, но выглядит крупнее.

Распространение: область гнездования в Евразии – от лесостепной зоны до южной тундры. Зимует в Центральной и Западной Европе, на Черном и Каспийском морях, местами в Средней и Передней Азии, в Восточном и Юго-Восточном Китае. В Туркменистане неравномерно по всем водоемам, богатым рыбой.

Образ жизни: пролетно-зимующий вид. Весенний пролет с середины февраля и в марте, осенний – с середины октября и в ноябре. Придерживается водоемов, богатых рыбой, которой и питается.

Статус: немногочисленный, местами на пролете обычный вид. Как дичь среди охотников популярностью не пользуется.



## 56. Uzynçüňkli jüptün ördek – *Mergus serrator* – Длинноносый, или средний крохаль

Meýdan alamatlary: orta ölçegli ördek. **Ýeňsesindäki hüpügiň arasy biraz bölünen.** Çüňki sähelçe ýokaryk gaýşak - jaýty. **Horazynyň kellesi gara, goýy-ýaşyla ýakyn**, arkasy gara, ganatlarynyň düýpleri, garny we boýuny ak, emma onuň yz taraplary gara zolakly, **petekesi gara tegmilli goňur.** Böwürleri çal, ganatlarynyň daşky tarapy garamtyl dik zolakly. **Mäkiýanynyň ýelek örtügi çalymtyl-goňur, kellesi we boýny çypar, döşi çalymtyl-çypar (ýuwulan ýaly).** Ýaşlary mäkiýanyna meňzeş, emma has çal, ýelek örtügi garamtyl, hüpügi gysga. Iki guşuň hem gözleri, çüňki we aýaklary gyzyl. Ýaşlarynyň aýaklary sarymtyl-goňur. Suwda örän oňat çümýär. Suwdan agyrlyk bilen, ylgap göterilýär, ganatlaryny ýygy-ýygydan kakyp, çalt uçýar. Örän ümsüm. Sesi gödek we boguk – "kreh-kreh-kreh". Uzynlygy – 50-63, horazlarynyň ganaty – 22-26, mäkiýanlarynyňky – 21-24, ganatlarynyň gerimi – 70-88 sm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: uly jüptün ördegine çalymdaş, emma göwresi kiçi, petekesiniň goýy-goňrasdygy we böwürleriniň çaldygy, şeýle-de horazynyň hüpüklidigi, mäkiýanynyň – boýnunyň we garnynyň araçaginiň anyk däldigi bilen tapawutlanýar. Ol gylguýruk ördek bilen çalymdaşlyk edýär, emma reňki we häsiýetli, inçe çüňki bilen tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän ýerleri Ýewraziýa we Demirgazyk Amerika, esasan, tokaý we tundra zolagynyň bölekleri. Demirgazyk - Günbatar we Günorta - Gündogar Ýewropada, Orta Aziýada, Pars aýlagynda, Gündogar Hytaýyň we Ýaponiýanyň kenarýakalarynda, Demirgazyk Amerikanyň günorta-günbatarynda we günorta -

Полевые признаки: внешне – с утку среднего размера. **На затылке хохол, несколько раздвоенный**. Клюв слегка вздернут. **У самца темно-зеленая, почти черная, голова**, черная спина, белые основания крыльев, брюшко и шея, но с черной полосой по задней ее стороне, **зоб бурый с черными пестринами**. Бока серые с темными продольными полосками снаружи крыла. **У самки оперение серобурое с рыжей головой и шеей, и серо-рыжее (размытое) на груди**. Молодые схожи с самкой, но с более серым и темным оперением, хохол укорочен. У обоих полов глаза, клюв и ноги красные. У молодых ноги желтовато-бурые. Прекрасно ныряет. С воды поднимается тяжело, с разбега, полет быстрый с частыми взмахами. Очень молчалив. Голос грубый и хриплый – «крех-крех-крех». Длина – 50-63, крыло у самцов – 22-26, у самок – 21-24, размах крыльев – 70-88 см.

Сходства – различия: похож на большого крохаля, но меньше, отличается темно-каштановым зобом и серыми боками, а также – у самца – хохол, у самки – размыта граница между шеей и брюшком. Чем-то схож с шилохвостью, но отличается окраской и характерным тонким клювом.

Распространение: область гнездования в Евразии и Северной Америке, в основном, лесная и часть тундровой зоны. Зимует в Северо-Западной и Юго-Восточной Европе, в Средней Азии, Персид-

gündogarynda gyşlaýar. Orta Aziýada, Pars aýlagynda, Gündogar Hytaýyň we Ýaponiýanyň kenarýakalarynda, Demirgazyk Amerikanyň günorta - günbatarynda we günorta - gündogarynda gyşlaýar. Orta Aziýada we Türkmenistanda – içki suw ýataklarynda we Hazar deňzinde duşýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-gyşlaýan görnüş. Ýazyna martyň ikinji ýarymyndan we aprelde, güýzine - oktýabrda we noýabrda uçup geçýär. Amyderýadan Hazar deňzine çenli, emma, balyga baý bolan suw ýataklarynda saklanýar we balyklar bilen iýmitlenýär.

Statusy: seýrek, az öwrenilen görnüş, awda ähmiýeti uly däl.

ском заливе, на берегах Восточного Китая и Японии, юго-запада и юго-востока Северной Америки. В Средней Азии и Туркменистане на внутренних водоемах и Каспии.

Образ жизни: пролетный, зимующий вид. Весной пролетает во второй половине марта и в апреле, осенью – в октябре, частично ноябре. Образ жизни в наших условиях схож с большим крохалем.

Статус: редкий, у нас слабо изученный вид, охотничье значение невелико.

### 57. Uly jüptün ördek – *Mergus merganser* – Большой крохаль

Meýdan alamatlary: öý ördeginden tokarrak, inçe, ujy sähelçe egmek çüňkli, uly ördek. **Horazynyň arkasy, boýny gara we kellesi hüpüksiz (ýaşyl yalpyldyly).** Garny we böwürleri – gülgüne-ak. Ganatlarynyň üsti uly ak tegmilli. **Mäkiýany şähelçe kiçi, arkasy çal, boýny (bokurdagy ak tegmilli) we kellesi gyzylymtylgoňras reňkli. Ýeňsesi gysga hüpükli.** Aýaklary we çüňki gyzyl. Gözleri garamtyl. Ýaşlary mäkiýana meňzeş, emma kellesi garamtyl çyzyklanan we hüpügi gysga. Aýaklary – goýy sary. Batly we göni ugra uçýar, kellesiniň we ganatlatynyň uçlarynyň garamtyldygy aýdyň görünýär. Örän ümsüm. Sesi güňleç – “bo-bob”, mäkiýanynyňky hyrryldy – “hrrrr”. Uzynlygy – 58-68, horazlarynyň ganaty –26-30, mäkiýanlarynyňky – 24-27, ganatlarynyň gerimi – 80-98 sm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: çüňküniň inçedigi bilen beýleki ördeklerden tapawutlanýar. Uzynçüňk jüptün ördege çalymdaş, emma ondan ölçegleri kiçi, horazy petekesiniň we böwürleriniň akdygy, mäkiýany – boýnundaky çypar reňkiň anyk araçäk bolup durýandygy bilen tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän ýerleri - Ýewraziýa we Demirgazyk Amerika, esasan, tokaý zolaklary, şeýle hem Orta we Merkezi Aziýanyň daglyk etraplary. Günbatar, Günorta Ýewropa, Orta we Merkezi Aziýanyň günbatarynda, Günorta-Gündogar Hytaýda, Demirgazyk Hindistanda, Demirgazyk Amerikanyň günorta böleginde gyşlaýar. Türkmenistanda – içki suw ýataklarynda duşýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-gyşlaýan görnüş. Ýazyna fewralyň aýagynda we martda, güýzine – oktýabryň ahyrlarynda we noýabrda uçup geçýär. Amyderýadan Hazar deňzine çenli, emma balyklara baý bolan dürli suw ýataklarynda saklanýar.

Statusy: seýrek, uçup geçende käbir ýerlerde adaty görnüş, awçylaryň awynda mukdary köp däl.

Полевые признаки: крупная утка, крупнее домашней, с характерным узким, на конце слегка загнутым клювом. **У самца черные спина, шея и голова (с зеленым отблеском) без хохолка**. Брюхо и бока – розовато-белые. Сверху на крыле – большое белое пятно. **Самка чуть меньше, у нее серая спина, красновато-каштановые шея (с белым пятном на горле) и голова. На затылке короткий хохолок**. Ноги и клюв красные. Глаза темные. Молодые схожи с самкой, но с темными штрихами на голове и коротким хохолком. Ноги – темно-желтые. Полет стремительный и прямолинейный, хорошо заметны темные голова и концы крыльев. Очень молчаливы. Голос – глухое «бо-боб», у самки – хриплое «хрррр». Длина – 58-68, крыло у самцов – 26-30, у самок – 24-27, размах крыльев – 80-98 см.

Сходства – различия: от других уток отличается узким клювом. Можно спутать с длинноносым крохалем, но он меньше размерами; самец – с белым зобом и боками, а самка – с резкой границей рыжего цвета на шее.

Распространение: область гнездования в Евразии и Северной Америке, в основном, лесная зона, но также горные районы Средней и Центральной Азии. Зимует в Западной, частично Южной Европе, в Средней и западе Центральной Азии, Юго-Восточном Китае, Северном Индостане, южной половине Северной Америки. В Туркменистане – по внутренним водоемам.

Образ жизни: пролетная, зимующая птица. Весенний пролет – с конца февраля и в марте, осенний – с конца октября и в ноябре. Придерживается водоемов различных типов от Амударьи до Каспия, но больше богатых рыбой, которой питается.

Статус: редкий, на пролетах местами обычный вид, доля в любительской охоте невелика.

### Gorçylar – *Oxyurinae* – Савковые

Ördekleriň aşaky maşgalasyndan bizde duşýan ýeke-täk wekilli.

Подсемейство утиных с единственным у нас представителем.

### 58. Gorçy – *Oxyura leucocephala* – Савка, или белоголовая утка

Meýdan alamatlary: ganatlary gysga, orta ölçegli ördek. Horazy **uly ak kellesiniň gara depelidigi, çişik çüňküniň mawymtyldygy we pahnaşekilli guýrugynyň ýokaryk galyp durandygy** bilen aňsat tanalýar. Garabaşly horazlarynyň ýaz-tomus döwründe duşmaklary mümkin. Ýelek örtüginiň galan ýerleriniň reňki mele we goýy reňkleriň utgaşmagynda

Полевые признаки: утка средних размеров с короткими крыльями. Самец легко узнается **по крупной белой голове с черным теменем, голубому вздутому клюву и клиновидному, вздернутому хвосту**. В весенне-летний период могут встречаться темноголовые самцы. Окраска остального оперения темно-рыжая, в сочетании с бурыми и

goýy-çypar. **Mäkiýanynyň kellesi iki sany kese ak zolakly goýy-goňur, çüňki calymtyl-mawy.** Iki guşuň hem aýaklary gyzyl öwüşginli çal, ýüzgüç perdesi çalymtyl-garamtyl reňkli. Ýaşlary mäkiýana meňzeş. **Suwda guýrugyny ýatyryp ýa-da dik ýokary galdyryp oturýar.** Suwa ýeňillik bilen we oňat çümýär. Hyjuwsyz uçýär. Örän ümsüm, eger-de sesini çykaraýsa, onda manysyz basyk gagyldy çykýar. Uzynlygy – 43-49, horazlarynyň ganaty – 16-17,5, mäkiýanlarynyňky – 15-17, ganatlarynyň gerimi – 63-71 sm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: meňzeş görnüşleri ýok.

Ýaýran ýerleri: Ortaýer deňzinde, Zakawkaziýada, Hazar ýakasynda, Gazagystanda we Günbatar Sibiriň günortasynda höwürtgeleýär. Türkmenistanda – Hazar deňzinde, Etrek, Garagum, Tejen, Murgap derýalary boýunça we Amyderýa jülgesinde duşmagy mümkin. Orta we Alynky Aziýanyň günortasynda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän, gyşlaýan, şeýle-de ýurduň demirgazyk we gündogar böleklerinde höwürtgeleýär. Ýazda fewralyň aýagynda we martda, güýzine – oktýabr - noýabrda uçup geçýär. Süýji we şorlaşan suw ýataklarynda saklanýar. Iýun-iýulda köpelýär. Adatça, gamyş jeňňelligindäki ösümliklerden höwürtge gurýar, 5-7 sany irimçik, büdür-südir, mawy gabykly uly ýumurtgalary goýýar. Gizlin gezýär. Ösümlik (ýaprak, suwoty, tohum) we haýwan (maýda balyklar, leňňeçşekilliler, balykgulaklar) iýmiti bilen iýmitlenýär.

Statusy: örän seýrek, gowşak öwrenilen görnüş, MSOP-yň Gyzyl sahypasyna we Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen.

коричневыми тонами. **У самки голова темно-бурая с двумя поперечными белыми полосами, клюв серо-голубой.** Ноги у обоих полов серые с красным оттенком, перепонки лап серо-темные. Молодые схожи с самкой. **На воде хвост или опущен, или торчит почти вертикально**. Легко и хорошо ныряет. Летает не охотно. Очень молчалива, если подает голос, то в виде приглушенного трескучего кряканья. Длина – 43-49, крыло у самцов – 16-17.5, у самок – 15-17, размах крыльев – 63-71 см.

Сходства и различия: сходных видов нет.

Распространение: гнездится разрозненно в Средиземноморье, Закавказье, Прикаспии, Казахстане и на юге Западной Сибири. В Туркменистане на Каспии, возможно местами по долинам Этрека, Каракумдарьи, Теджена, Мургаба и Амударьи. Зимует на юге Средней и Передней Азии.

Образ жизни: пролетная, зимующая, на севере и в восточных частях страны, возможно, гнездящаяся птица. Весенний пролет с конца февраля и в марте, осенний – в октябре-ноябре. Придерживается пресных или солоноватых водоемов. Размножение – в июне-июле. Гнездо, обычно, из стеблей и листьев в зарослях тростника. В кладке 5-7 голубых крупных яиц с грубой, зернистой скорлупой. Держится скрытно. Питается растительной (листья, водоросли, семена) и животной (мелкие рыба и ракообразные, моллюски) пищей.

Статус: очень редкий, слабо изученный вид, внесен в Красный список МСОП и Красную книгу Туркменистана.



## LAÇYNŞEKILLILER – *FALCONIFORMES* – СОКОЛООБРАЗНЫЕ

Orta we uly ölçegli, daýaw gaňyrçak çüňkli we şonuň ýaly egri ýiti dyrnakly ýyrtyjy guşlar otrýadyna degişli. Çüňküniň düýbüni ýalaňaç deri – "mumlyjyk" örtýär. Ýelek örtügi gaty, aýratyn-da ganat we guýruk ýelekleri örän gaty. Ganatlary dürli görnüşde: tokaýda ýaşaýanlarynyňky – gysga we tegelenen, howada ganatlaryny ýaýyp uçýanlarynyňky – inli we uly, öz pidalaryny işjeň yzarlaýan görnüşleriňki – insiz we uzyn bolýar. Barmaklary we söbükleri ýeleksiz, emma injiklerindäki ýelekler uzalyp ösen we "balak" sypatyny alýar. Gözleri uly, taraplara seredip, sähelçe öňe çykýar. Ýelek örtüginiň reňki tutuk we adatça goňur, çal, gara, ak reňkleriň utgaşmasy bolup geçýär. Görnüşleriniň käbiriniň horazy mäkiýana görä açyk reňkli, emma jyns tapawutlary adatça ölçeglerde ýüze çykýar – köplenç mäkiýany horazyndan ulurak bolýar. Aýratyn jübut bolup höwürtgeleýär-ler, emma käbirleri (maýda laçynlar, dazzarkeller) kiçiräk topar emele getirýär. Guşlaryň jübütligi durnukly – monogam. Jüýjeleri mejalsyz we haýal ösýär. Esasan, haýwan iýmiti – mörmöjekler, balyklar, süýrenijiler, guşlar, süýdemdirijiler, käbirleri – maslyk we zir-zibilleriň galyndylary bilen iýmitlenýär. Bu özünde 290 golaý görnüşi jemleýär, Türkmenistanda üç maşgala degişli görnüşleriniň 36-sy duşýar.

Отряд хищных птиц относительно среднего и крупного размера с крепким крючковатым клювом и, как правило, кривыми острыми когтями. Основание клюва прикрыто голой кожицей – «восковицей». Оперение жесткое, особенно крыльев, хвоста, и очень твердое. Крылья различной формы – короткие и закругленные у обитающих в лесу, широкие и большие – у парителей, узкие и длинные – у активно преследующих свою жертву видов. Пальцы и цевка не оперены, однако на голени перья удлинены и имеют форму так называемых «штанов». Глаза большие, обращены в стороны и несколько вперед. Окраска перьевого покрова неяркая и обычно представляет собой сочетание бурого, серого, черного и белого цветов. У некоторых видов самцы окрашены ярче, чем самки, но обычно половое различие проявляется в размерах – часто самки крупнее самцов. Гнездятся отдельными парами, но некоторые (мелкие соколы, сипы) образуют небольшие колонии. Моногамы, т.е. пары постоянны. Птенцы беспомощны и развиваются медленно. Питаются, главным образом, животной пищей – насекомыми, рыбой, пресмыкающимися, птицами, млекопитающими, некоторые – падалью и отбросами. Отряд включает около 290 видов, в Туркменистане встречаются 36, относящихся к трем семействам.

## Üýşegen bürgütler – *Pandionidae* – Скопиные

Ýelek örtüginde ak we goýy-çal reňkler utgaşan, orta ölçegli, balyk iýýän ýyrtyjy guşlar maşgalasyna degişli. Onuň jemi ýeke wekili duşýar.

Семейство рыбоядных хищных птиц средних размеров, в окраске оперения сочетаются белые и темно-серые цвета. Всего один представитель.

## 59. Balykçy bürgüt – *Pandion haliaetus* – Скопа

Meýdan alamaty: uly guş. Horazy mäkiýany bilen birmeňzeş sypatda. Ganatlary insiz we başglara garanda uzyn, guýrugy gysga we göni. **Kellesi ak, gözüniň üstünden inli gara zolak geçýär, ýeňsesindäki ýelekleri ösgün (hüpük). Arka tarapynyň reňki goýy-goňur, aşagy gara tegmilli ak**. Guýrugy kese garamtyl zolakly. Ganatlarynyň eplenýän ýeriniň aşak tarapy gara tegmilli. Aýaklary daýaw barmakly gögümtil-çal we birden egrelen üiti dyrnakly. Sesi gysga – "kaý-kaý-kaý". Uzynlygy – 55-60, ganatlary – 45-50 sm, horazlarynyň agramy - 1.6, mäkiýanlarynyňky – 1.9 kg çenli.

Meňzeşligi-tapawudy: ölçegleri boýunça beýleki ýakyn ýyrtyjy guşlardan aşaky tarapynyň sarymtylrak öwüşginli akdygy, üstüniň garamtyl we **agymtyl, kellesinde gözüniň üstünden geçýän gara zolagyň bardygy** bilen anyk tapawutlanýar.

Ýaýran ýeri: arealynda höwürtgeleýän bölegi – Demirgazyk Amerika we Ýewraziýa, onuň demirgazyk taraplarynda käbirleri, Awstraliýada. Merkezi Amerikada, Gündogar we Günorta Afrikada, Günorta we Günorta-Gündogar Aziýada gyşlaýar. Orta Aziýada we Türkmenistanda uçup geçende uly suw ýataklarynyň hemmesinde – Hazar deňzinden Amyderýa çenli bolan aralykda duşýar.

Полевые признаки: относительно крупная птица. Самцы и самки выглядят примерно одинаково. Крылья узкие и сравнительно длинные, хвост короткий, прямой. **Голова белая, через глаз проходит широкая темная полоса, на затылке удлиненные перья (хохол)**. Характерная окраска – **спинная сторона темно-бурая, низ белый с темными пестринами**. Хвост с поперечными темными полосами. На сгибе крыла снизу хорошо заметно темное пятно. Лапы синевато-серые с мощными пальцами и круто загнутыми острыми когтями. Голос – короткое «кай-кай-кай». Длина – 55-60, крыло – 45-50 см, вес самцов около 1.6, самок – до 1.9 кг.

Сходства – отличия: от других хищных птиц, близких по размеру, хорошо отличается белым с легкой желтизной низом, темным верхом и **черной полосой, проходящей через глаз по светлой голове**.

Распространение: гнездовая часть ареала – Северная Америка и Евразия кроме северных их областей, Австралия. Зимовки в Центральной Америке, Восточной и Южной Африке, Южной и Юго-Восточной Азии. В Средней Азии и Туркменистане на пролете встречается по всем крупным водоемам – от Каспия до Амударьи.



Ýaşaýşy: uçup geçýär, soňky ýyllarda gyşlamaga galýar. Ýazyna mart-aprelde, güýzine - sentýabr-oktýabrda uçup geçýär, olaryň gijä galanlary noýabrda gabat gelýär. Uly, dury suwly, gonmak üçin amatly bolan – agaç sütünli, beýk agaçly, balyklara baý suw ýataklarynda, köllerde ýa-da suw howdanlarynda gabat gelýär. Elmydama balyk iýýär, bat bilen suwa özüni urup, gysga wagtda bedeniniň aşaky bölegini suwa çümdürip, balygy penjeleýär. Balykly guş suwdan agyrlyk bilen göterilýär.

Statusy: seýrek guş, Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen.

Образ жизни: пролетный вид, в последние годы отмечается и на зимовке. Весенний пролет – в марте-апреле, осенний – в сентябре-октябре, запоздалые птицы встречаются и в ноябре. Встречается на относительно крупных водоемах, богатых рыбой, предпочитает озера или водохранилища с прозрачной водой, необходимым условием является наличие мест для присады – столбов, крупных деревьев. Питается почти всегда рыбой, которую ловит, бросаясь в воду с разлета, на короткое время погружая в воду нижнюю часть тела. С пойманной рыбой летит тяжело.

Статус: редкая птица, включена в Красную книгу Туркменистана.

## Gyrgylar – *Accipitridae* – Ястребиные

Uly ölçegli, ganatlary inli we tegelenen, başgalara garanyňda uzyn guýrukly, ölçegleri uly, dürli möçberli ýyrtyjy guşlar topary. Reňki üýtgeýän, adatça, melemtilräk-goňur ýa-da çal, köp ýa-da az görnüşde anyk menekli. Aw awlaýyş usuly we tutýan haýwanlary hem örän dürli-dürli. Bu maşgalanyň wekilleri tebigy zolaklaryň hemmesinde ýaşaýar. Olaryň umumy sany 220-ä golaý. Türkmenistanda – 26-sy duşýar.

Разнородная группа хищных птиц крупных размеров с закругленными и широкими крыльями и относительно длинным хвостом. Окраска очень изменчива, обычно буровато-коричневая или серая с более или менее заметными пестринами. Способы добывания корма и объекты питания также очень различны. Представители этого семейства обитают во всех природных зонах. Около 220 видов, в Туркменистане 26.

## 60. Aryçy – *Pernis apivorus* – Обыкновенный осоед

Meýdan alamatlary: gargadan ulurak ölçegli, orta ululykdaky guş. Kellesiniň üsti goňur, gögümtilräk, aşaky tarapynyň reňki güýçli özgerýär – garamtyl dik menekli açyk-goňurdan ak reňke çenli.

Полевые признаки: средней величины, размером с крупную ворону. Голова сверху бурая, сизоватая, окраска низа сильно варьирует – от светло-бурой до белой, с темными продольными пестринами. Эти

Guşlaryň bu reňk özgermesi dürli ýaş toparlarynda ýüze çykýar. **Uçýan wagty guýrugynyň aşagynda üç gara zolak görünýär, şolardan iň inlisi soňky zolak.** Horazy mäkiýany bilen meňzeş reňkli, ýaşlarynyň üsti agymtyl-çypar menekli. Ýaşy ýeten guşlaryň göreji sary, ýaşlarynyňky - çal ýa-da çalymtyl-sary. Howada ýeňil uçýar, emma haýal, seýrek gaýýar. Umuman, ümsüm guş, sesi belent – “kiiýu-kiiýu”. Uzynlygy – 52-59, ganatlary – 37-43.5 sm, agramy 600-950 g.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: uçup barýan guşuň şekili adaty syçança çalym edýär, emma, guýrugynyň uzyndygy we üç zolagynyň bardygy, boýnunyň has süýnmekdigi, kellesiniň ölçeginiň kiçidigi, garçygaýdan – ganatynyň insizdigi bilen tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bolegi Ýewraziýa – Beýik Britaniýadan Günbatar Sibire çenli, Kiçi we Alynky Aziýa. Merkezi we Günorta Afrikada gyşlaýar. Orta Aziýada we Türkmenistanda tötänden uçup geçende gabat gelmegi mümkin.

Ýaşaýşy: arylar, ýabany balarylary we olaryň liçinkalary, käwagt beýleki mör-möjekler, şeýle-de süýrenijiler, maýda guşlar we gemrijiler bilen iýmitlenýär.

Statusy: örän seýrek, bizde öwrenilmedik görnüş, goraga mätäç, onuň bilen duşuşyklar baradaky maglumatlaryň hemmesi ylym üçin gymmatlydyr.

цветовые вариации проявляются у птиц разных возрастных групп. **На хвосте в полете видны три темные полосы, самая широкая из которых на конце**. Самец и самка окрашены примерно одинаково, молодые сверху с беловато-рыжими пятнами. У взрослых глаза желтые, у молодых – серые или серовато-желтые. Полет легкий, но медленный, парит редко. В общем, молчаливая птица, голос – высокое «киию-киию». Длина – 52-59, крыло – 37-43.5 см, вес – 600-950 г.

Сходства – отличия: летящая птица своим силуэтом напоминает обыкновенного канюка, но отличается длинным хвостом и тремя полосами, более вытянутой шеей и головой меньшего размера, а от ястреба-тетеревятника – узкими крыльями.

Распространение: гнездовая часть ареала в Евразии – от Великобритании до Западной Сибири, в Малой и Передней Азии. Зимует в Центральной и Южной Африке. В Средней Азии и Туркменистане может быть встречен на пролете и залетах.

Образ жизни: питается осами, шмелями и их личинками, иногда другими насекомыми, а также пресмыкающимися, мелкими птицами и грызунами.

Статус: очень редкий, у нас не изученный вид, нуждается в охране, все сведения о встречах представляют большую научную ценность.




**Ýyrtyjy guşlaryň uçup barýarka görnüşi**: 1 – tüýlek aýakly syçançy; 2 – depe syçançysy; 3 - syçançy; 4 – aryçy; 5 – laçyn; 6 – meýdan gulatysy (horazy); 7 – garçygaý; 8 - gara çaýkel; 9 – batga (gamyş) gulatysy (horazy).

**Хищные птицы в полете**: 1 - зимняк; 2 - курганник; 3 - канюк; 4 - осоед; 5 - сапсан; 6 - полевой лунь (самец); 7 - тетеревятник; 8 - черный коршун; 9 - болотный (камышевый) лунь (самец).

## 61. Gara çaýkel – *Milvus migrans* – Черный коршун

Meýdan alamatlary: gargadan tokarrak, orta ululykdaky guş. Mäkiýany horazyndan sähelçe uly, emma, reňkleri meňzeş. Arkasy goýy-goňur, kellesi biraz ýagty, aşaky tarapy çyparrak-goňur (arkasyndan açygrak), dik garamtyl çyzykly. **Guýrugy oýuk, aýratyn-da uçanda oňat görünýär.** Ýaşlary ulyçypar tegmilli goýy-goňur reňkli we guýrugy ak uçly. Ýaşynyň üçünji ýylynda doly uly guşlaryň sypatyny alýar. Aýaklary başgalara garanyňda, has gysga, çüňki we dyrnaklary gara. Sesi taýçanagyň kişgemesini ýatladýar, sandyrowukly gykylyk - "iiiiý-ýuýýuýýüýýu". Uzynlygy – 48-58, ganaty – 41-51.5 sm, agramy 800 g golaý.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: ýyrtyjy guşlaryň beýlekilerinden **guýrugynyň oýukdygy bilen oňat tapawutlanýar.**

Ýaýran ýerleri: giň – tutuş Ýewraziýa, onuň demirgazyk welaýatlaryndan başgasynda, Afrikada, Awstraliýada. Orta Aziýada we Türkmenistanda düzlük, şeýle-de daglyk giňişlikleriniň hemme ýerlerinde duş gelýär. Afrikanyň we Günorta Aziýanyň tropik welaýatlarynda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýär, höwürtgeleýär, bir bölegi gyşlaýar ýa-da uçup gezýär (uly guşlaryň käbirleri köpelmäge gatnaşmaýar). Uçup geçýän wagty dowamly: ýazyna fewralyň aýagyndan maýyň başyna çenli, güýzüne – awgustyň soňundan noýabryň aýagyna çenli geçýär. Höwürtgelände derýalaryň ýa-kasyndaky jeňňellikde, pisseliklerde we dagetegi düzlüklerdäki gan-dymlykda, derelerdäki gyrymsy agaçlarda, daglardak arçalarda, seýrek gaýalaryň erňeklerinde höwürtge guryar. Aýratyn jübüt, ýöne seýrek topar bolup höwürtgeleýär. Apreliň birinji ýarymynda, käte martda 2-3 sany goňur menekli kirliräk-ak ýumurtgalary goýýar, ölçegleri - 41-44 x 54-59 mm. Iýulyň birinji ýarymynda jüýjeleri uçurym bolýar. Iýmiti örän dürli - maýda guşlar, gemrijiler, süýrenijiler (ýylanlar, pyşdyllar), suwuň ýüzüne gaýýan balyklary, mörmöjekleri, maslyklary we zir-zibilleri çöplemekleri hem mümkin.

Statusy: az sanly, uçup geçýän döwründe, käbir ýerlerde adaty guş.

Полевые признаки: средней величины, крупнее вороны. Самка чуть больше самца, хотя окрашены одинаково. Спина темно-бурая, голова несколько светлее, низ рыже-вато-коричневый (светлее спины), с темными продольными штрихами. **Хвост с хорошо заметной, особенно в полете, вырезкой**. Молодые темно-бурые, в крупных рыжих пятнах и с белым концом хвоста. Окончательный наряд появляется к третьему году жизни. Ноги относительно короткие, клюв и когти черные. Голос – вибрирующий крик, напоминающий ржание жеребенка – «иииий-юйюйюйю». Длина – 48-58, крыло – 41-51.5 см, вес – около 800 г.

Сходства – отличия: от других хищников **хорошо отличается выемчатым хвостом.**

Распространение: широкое – вся Евразия, кроме северных областей, Африка, Австралия. В Средней Азии и Туркменистане встречается повсеместно как на равнинах, так и в горах. Зимует в тропических областях Африки и Южной Азии.

Образ жизни: пролетает, гнездится, часть особей зимует или летует (некоторые взрослые не участвуют в размножении). Сроки пролета растянуты: весной – с конца февраля до начала мая, осенью – с конца августа до конца октября. На гнездовье предпочитает приречные тугаи в долинах, фисташники и кандымники в предгорьях, древесно-кустарниковые участки в ущельях и арчевники в горах, редко – по обрывам чинков. Гнездятся отдельно, но нередко и группами. Гнезда – в первой половине апреля, а иногда и с конца марта. Кладка – 2-3 грязно-белых с бурыми пятнами яиц, размеры – 41-44 x 54-59 мм. Вылет молодых – в первой половине июля. Питается очень разнообразной пищей – некрупными птицами, грызунами, пресмыкающимися (змеями, мелкими черепахами), снулой рыбой, насекомыми, может подбирать падаль и отбросы.

Статус: немногочисленная, местами на пролете обычная птица.

## 62. Uzynguýruk suw bürgüdi – *Haliaeetus leucoryphus* – Орлан-долгохвост

Meýdan alamatlary: beden gurluşy gelşikli, örän uly, emma akguýruk suw bürgüdinden kiçiräk guş. Ýaşy ýeten horazy ýaşyl öwüşgünli gara-goňur reňkli, kellesi, bokurdagy we petekesi agymtyl, ganatlary gara, **düýbi goňur we ujy zolakly ak guýrukly.** Mäkiýany horazyndan biraz ulurak we öçügsi reňkli. Ýaşlarynyň ilkinji ýelek örtügi açyk-goňur reňkli, kellesiniň gapdallary gara zolakly, guýrugy gara, ýetişen guşuň sypatyna, diňe, dördünji ýyl gutarnykly geçýär. Sesi üýrüji – "kuok-kuok". Uçuşy ýeňil, howada oňat gaýýar. Ganaty – 52-65 sm, agramy – 2.5-4 kg.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: ýaşy ýeten guşlar beýleki ýyrtyjy guşlardan kellesiniň has agymtyldygy we **goýy-goňur uçly guýrugynyň ak uzyndygy** bilen oňat tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän arealy – Gazagystan, Merkezi Aziýa, günorta Gimalaý daglarynyň dageteklerine çenli ýaýran. Orta we Alynky

Полевые признаки: очень крупная птица стройного телосложения. Меньше орлана-белохвоста. Взрослый самец черно-бурый с фиолетовым блеском, голова, горло и зоб беловатые, крылья черные, **хвост белый с бурым основанием и полосой на конце**. Самки несколько крупнее самцов и окрашены тусклее. Молодые в первом гнездовом наряде светло-бурые, по бокам головы – темные полосы, хвост черный, окончательный взрослый наряд – только на четвертом году жизни. Голос – лающий «куок-куок». Полет относительно легкий, хорошо парит. Крыло – 52-65 см, вес – 2.5-4 кг.

Сходства – отличия: взрослые птицы хорошо отличаются от других крупных хищников более светлой головой и довольно длинным **белым с темно-бурой вершиной хвостом**.

Распространение: гнездовой ареал – Казахстан, Центральная

Aziýanyň günortasynda, Päkistanda we Demirgazyk Hindistanda gyşlaýar. Türkmenistanda – Hazar deňziniň kenarýakasynda, köllerde, suw howdanlarynda we uly derýalaryň jülgelerinde duşmagy mümkin.

Ýaşaýşy: uçup geçýär we gyşlaýar, bizde höwürtgeleýändigi belli däl, ýöne tomsuna duşýandygy belli. Gyşlaýan guşlar fewral aýynyň ikinji ýarymyndan uçup gidýär, güýzüne - sentýabryň aýagynda-oktýabrda ilkinji uçup geçýän guşlar hökmünde gabat gelýär. Uly suw ýataklarynyň kenarlarynda ýaşaýar. Akguýruk suw bürgüdi ýaly, esasan, balyklar, şeýle-de suwda ýüzýän guşlar, maýda süýdemdirijiler bilen iýmitlenýär, maslykdan hem ýüz öwürmeýär.

Statusy: örän seýrek görnüş, MSOP-yň Gyzyl sahypasyna we Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen. Onuň gabat gelýändigi baradaky habarlar gymmatly ylmy maglumatdyr.

Азия, к югу до предгорий Гималаев. Зимовки – на юге Средней и Передней Азии и южнее – в Пакистане и Северной Индии. В Туркменистане может встречаться на побережье Каспия, по озерам, водохранилищам и долинам крупных рек.

Образ жизни: пролетает и зимует, у нас гнездование не доказано, хотя летние встречи известны. Отлет зимующих особей уже во второй половине февраля, осенью первые пролетные птицы появляются в конце сентября – в октябре. Обитает по берегам крупных водоемов. Питается, как орлан-белохвост, в основном, рыбой, а также водоплавающими птицами, мелкими млекопитающими, не гнушается падалью.

Статус: очень редкий вид, включен в Красный список МСОП и Красную книгу Туркменистана. Сведения о встречах представляют большой научный интерес.

### 63. Akguýruk suw bürgüdi – *Haliaeetus albicilla* – Орлан-белохвост

Meýdan alamatlary: biziň ýurdumyzyň ýyrtyjy guşlaryndan iň ulularynyň biri. Bürgütden ulurak. Çüňki we aýaklary örän däýaw, umumy beden gurluşy deşlek we süňňi agyr. **Ganatlary inli we uzyn** (gerimi 2.5 m çenli). Reňki goýy-goňur, kellesi, boýny we bedeniniň aşaky tarapyndaky ýelekleri has açyk reňkli. Guýrugy **başgalara garanyňda, gysga, pahnaşekilli, ulularynyňky ak we ýaşlarynyňky – garamtyl.** Mäkiýany diňe ölçegleriniň uludygy bilen tapawutlanýar. Ýaşlarynyň üsti goňur, aşagy - açyk-goňur reňkli. Ýaşynyň dördünji ýylynda uly guşlaryň reňkini alýar. **Uly guşlaryň çüňki sary, ýaşlarynyňky – garamtyl reňkli**, söbügi yeleksiz. Sesi gagyldayly - "kra-kra-kra" ýa-da üýrüji -"kiý-kiý-kiý". Beýleki bürgütlere garanyňda has agyr uçýar, emma olardan tapawutlylykda howada seýrek gaýýar. Uzynlygy – 60-100, ganaty – 55-71.5 sm, agramy – 2-3-den 6-9 kg çenli.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: beýleki bürgütlerden, olar uçan wagty ganatlarynyň uzyndygy we inlidigi, guýrugynyň gysgadygy we **sähelçe pahnaşekilli akdygy bilen** oňat tapawutlanýar. Ýaşlarynyň beden örtüginiň tutuşlygyna garamtyldygy sebäpli, kesgitlemek kyn. Çüňkiniň äpet uly bolmagy ünsüňi çekýär.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän ýerleri – Demirgazyk we Gündogar Ýewropa, Grenlandiýa, gündogara – Demirgazyk Aziýa, Kamçatka we Uzak Gündogara çenli, günorta – Merkezi, Orta, Alynky we Kiçi Aziýanyň käbir ýerlerinde. Gyşyna bu guşlaryň bir bölegi günorta tarap, arealynda höwürtgeleýän raýonlaryna we sähelçe günorta – Gimalaý daglarynyň etegine çenli uçup gidýär. Türkmenistanda, esasan, deňziň we ýurduň içki suw ýataklarynyň kenarýakasynda, uly derýalaryň jülgelerinde gabat gelýär.

Ýaşaýşy: uçup geçýär we gyşlaýar, bir bölegi uçup gezýär. Ýazyna martda we apreliň aýagyna çenli, güýzine – noýabrda uçup geçýär. Güýz-gyş döwründe bu guşlar Hazar deňzinde, Sarygamyş kölünde we Derýalyk zeý akabasynda has köp duşýar. Esasan, gurpdan gaçan, keselli, suwda ýüzýän guşlar (sakarbaraklar, ördekler, seýrek – guwlar, gyzyl gazlar), balyklar hatda maslyk bilen hem iýmitlenýär.

Statusy: gyş döwründe sany dur-

Полевые признаки: одна из крупных хищных птиц нашей страны. Крупнее беркута. Клюв и лапы очень массивны, телосложение, в целом, мощное и тяжелое. **Крылья широкие и длинные** (в размахе до 2.5 м). Окраска темно-бурая, более светлая на голове, шее и нижней стороне тела. Хвост **относительно короткий, клиновидный, белый у взрослых и темный у молодых**. Самки отличаются только более крупными размерами. У молодых весь верх бурого цвета, низ светло-бурый. Окончательный наряд – на четвертом году жизни. **Клюв у взрослых желтого, молодых – темного цвета**, лапы не оперены. Голос – каркающее или лающее «кра-кра-кра» или «кий-кий-кий». Полет более тяжелый, чем у орлов, но в отличие от них редко парит. Длина – 60-100, крыло – 55-71.5 см, вес – от 2-3 до 6-9 кг.

Сходства – отличия: взрослая птица от других орлов в полете хорошо отличается длинными и широкими крыльями, коротким и **слегка клиновидным белым хвостом**, молодых определить труднее из-за темного оперения всего тела. Обращает на себя внимание необычно массивный клюв.

Распространение: область гнездования – Северная и Восточная Европа, Гренландия, на восток – Северная Азия, за исключением тундр, до Камчатки и Дальнего Востока. К югу – местами в Центральной, Средней, Передней и Малой Азии. Зимой часть особей отлетает в южные районы гнездовой части ареала и чуть южнее – до предгорий Гималаев. В Туркменистане встречается, в основном, на морском побережье и водоемам внутри страны, включая долины крупных рек.

Образ жизни: пролетает и зимует, часть особей летует. Пролет весной в марте и до конца апреля, осенью – в ноябре. Относительно больше этих птиц отмечается в зимний период на Каспии, Сарыкамыше и по Дерьялыку. Питаются, в основном, ослабевшими и больными водоплавающими птицами (лысухи, утки, реже – лебеди, фламинго), рыбой и даже падалью.

Статус: редкий вид со стабильной численностью в зимний пери-

nukly, seýrek görnüş. Tutmak we awlamak gadagan.

од. Отлов и добыча запрещены.

### 64. Sakgally garaguş – *Gypaetus barbatus* – Бородач

<u>Meýdan alamatlary:</u> ýyrtyjy guşlaryň iň ulularynyň biri. **Ganatlary insiz we uzyn.** Üsti garamtyl ýa-da gara, kellesi we aşaky tarapy çypar ýokundyly agymtyl. **Çüňkinden başlanýan zolak gözüniň üstünden geçýär we** gara gyllardan ýa-da saçpisint gaty ýeleklerden emele gelen **çowly "sakgaljygy"** bolýar. **Guýrugy uzyn, pahnaşekilli, arkasy bilen birmeňzeş reňkde.** Horazy we mäkiýany daşky sypaty boýunça tapawutlanmaýarlar, ýaşlarynyň üsti goýy-goňur, aşagy-açyk-goňur, uly guşuň ýelek örtügini birnäçe ýyldan soň alýar. Adatça, ümsüm, sesi sykylyga çalymdaş. Uzynlygy – 105-125, ganaty – 72-93 sm, ganatlarynyň gerimi - 2,75 m çenli, agramy - 5-7 kg.

<u>Meňzeşlikleri–tapawutlary:</u> özboluşly daşky görnüşi–"sakgaljygy", **guýrugynyň pahnaşekilli uzyndygy** we ganatlarynyň insizräk uzyndygy bilen aňsat tanalýar.

<u>Ýaýran ýerleri:</u> Günorta Ýewropanyň daglyk ýerleri (käbir ýerlerinde), Kiçi we Alynky Aziýa, Kawkaz, Orta we Merkezi Aziýa, Günorta Gimalaý daglary, Demirgazyk we Gündogar Afrika, Arabystan. Türkmenistanda – Uly we Kiçi Balkan daglarynda, Köpetdagda, Badhyzda, Köýtendagda, mümkin Garabilde, Gubadagda.

<u>Ýaşaýşy:</u> oturymly guş. Daglaryň ýokarky kemerlerinde - arçalyk zolakda, gaýalaryň arasynda, çuň derelerde we beýik dag ulgamynyň gyra çetlerinde höwürtgeleýär. Iýmit gözleginde dagetegindäki düzlüklere hem aralaşýar. Gyşyna – dekabrda 1-2 sany çypar ýokundyly agymtyl ýumurtgalary goýýar. Ýanwar-fewralda jüýjeleýär we iýunda olar uçurym bolýarlar. Esasan, toýnakly, ýabany we öý haýwanlaryň maslyklary, maýda süýdemdirijiler, pyşdyllar bilen iýmitlenýär.

<u>Statusy:</u> örän seýrek, sany azalýan görnüş. Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen. Tutmak we awlamak gadagan. Türkmenistanyň daglyk ýerlerindäki goraghanalaryň guşlarynyň iň täsin wekilleriniň biri.

<u>Полевые признаки</u>: одна из крупных хищных птиц. **Крылья узкие и длинные**. Верх темный или почти черный, голова и низ беловатые с рыжеватым налетом. **Полоса, идущая от клюва через глаз, и острая «бородка»**, образованы из черных щетинок или жестких волосовидных перьев. **Хвост длинный, клиновидный, одинакового со спиной цвета**. Ноги слабые, оперены до пальцев. Самцы и самки внешне не отличаются, молодые сверху темно-бурые, снизу – светло-бурые, смена наряда у них в окончательный взрослый происходит в течение нескольких лет. Обычно молчалив, голос похож на свист. Длина – 105-125, крыло – 72-93 см, размах крыльев – до 2,75 м, вес – 5-7 кг.

<u>Сходства – отличия</u>: легко узнается по своеобразной внешности – наличию «бородки», **длинному клиновидному хвосту** и длинным не широким крыльям.

<u>Распространение</u>: в горных областях Южной Европы (локально), Малой и Передней Азии, Кавказа, Средней и Центральной Азии, в Южных Гималаях, Северной и Восточной Африке, Аравийском полуострове. В Туркменистане – Большие и Малые Балханы, Копетдаг, Бадхыз, Койтендаг, возможны залетов, Карабиль, Кубадаг.

<u>Образ жизни</u>: оседлая птица. Гнездится в верхнем поясе гор – в зоне арчи, среди скал, по глубоким ущельям и окраинам высокогорных плато. В поисках корма может вылетать в предгорья. Кладка – 1-2 беловатых с рыжеватым налетом яиц, гнездование зимой – с декабря. Птенцы вылупляются в январе-феврале, и только к середине июня они поднимаются на крыло. Питается, в основном, падалью диких копытных или домашних животных, более мелких зверей, черепахами.

<u>Статус</u>: очень редкий, сокращающийся в численности вид. Внесен в Красную книгу Туркменистана. Один из интересных представителей наших горных заповедников.

### 65. Maslykçy – *Neophron percnopterus* – Стервятник

<u>Meýdan alamatlary:</u> beýleki garaguşlara garanyňda, uly guş, emma gajarlaryň arasynda maýdasy hasaplanýar. Çüňki inçeden uzyn, ejiz, onuň ýarysyna golaýyny "mumjyk" tutýar. **"Ýüzi" we bokurdagy mämişi reňkli, ýalaňaç. Ýeňsesiniň we boýnunyň ýelekleri özboluşly ýaka emele getirýär. Uly guşlaryň gara ganatlary çowly ak reňkli.** Guýrugy uzyn, basgançakly. Aýaklary inçe we uzyn, mawymtyl-çal reňkli. Ýaşlary çypar menekli goňur, ýaşynyň bäşinji ýylynda uly guşlaryň ýelek örtügine geçýär. Ümsüm. Uzynlygy – 55-65, ganaty – 46-72 sm, agramy – 2.0-2.4 kg.

<u>Meňzeşlikleri-tapawutlary:</u> ululary ölçegleriniň kiçidigi we gajarlaryň beýleki görnüşlerinden – ýelek örtüginiň akdygy we ganatlarynyň uçlarynyň garadygy bilen tapawutlanýar.

<u>Ýaýran ýerleri:</u> Afrika, tropik tokaý zolagyndan başgasynda, Günorta Ýewropa, Arabystan, Kiçi, Orta we Günorta Aziýa. Türkmenistanda - oazislerden we aklaň gum depeli

<u>Полевые признаки</u>: относительно крупная птица, хотя среди грифов считается мелким. Клюв тонкий длинный слабый, почти половину его занимает восковица. **«Лицо» и горло голые, оранжевого цвета. Перья затылка и шеи образуют своеобразный воротник. Взрослые – белого цвета с заостренными черными крыльями**. Хвост длинный, ступенчатый. Лапы тонкие и длинные, голубовато-серого цвета. Молодые бурые, с рыжеватыми пестринами, окончательный взрослый наряд приобретают на пятом году жизни. Молчалив. Длина – 55-65, крыло – 46-52 см, вес – 2.0-2.4 кг.

<u>Сходства – отличия</u>: взрослые особи отличаются от других грифов меньшими размерами, и белым оперением с черными концами крыльев.

<u>Распространение</u>: Африка, исключая зону тропических лесов, Южная Европа, Аравия, Малая, Средняя и Южная Азия. В Туркме-




**Ýyrtyjy guşlaryňuçup barýarka görnüşi**: 1 – gajar; 2 – dazzarkel; 3 – sakally garaguş; 4 – maslykçy; 5 – bürgüt (ýaşy); 6 – bürgüt (ýaşy ýeteni); 7 – akguýruk suw bürgüt; 8 - uzyn-guýruk suw bürgüdi; 9 – mazar garaguşy; 10 - balukçy bürgüt; 11 – sähra garaguşy; 12 – ýylançy gyrgy.
**Хищные птицы в полете**: 1 - черный гриф; 2 - белоголовый сип; 3 - бородач; 4 - стервятник; 5 - беркут (молодой); 6 - беркут (взрослый); 7 - орлан-белохвост; 8 - орлан-долгохвост; 9 - могильник; 10 - скопа; 11 - степной орел; 12 - змееяд.



giňişliklerden gaçarak durup, hemme ýerlerde duşýar. Demirgazyk Afrikada, Arabystanda, Alynky Aziýada we Demirgazyk Hindisranda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýär we höwürtgeleýär. Martyň başynda uçup gelýär we oktýabrda uçup gidýär. Olaryň uçup gelýän wagty, köpelýän döwri bilen gabat gelýär. Baýyrlykdaky gum gaýalarda, dagyň eginlerindäki tekjelerde höwürtgeleýär. Jübüt guşlar azyndan iki höwürtge guryar we olary dürli ýyllarda gezekleşdiriip ulanýar. Apreliň soňky günlerinde (has gijä galany – iýun aýynyň ikinji ýarymynda) 2 sany çyparrak-ak ýumurtga goýýar, ölçegleri - 43-56 x 58-76 mm. Jüýjeleri iýunda uçurym bolýarlar. Esasan, maslyk we zyňyndy zir-zibiller bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sanly guş, MSOP-yň Gyzyl sahypasyna we Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen.

нистане встречается почти повсеместно, избегает оазисов и барханных песков. Зимовки – Северная Африка, Аравия, Передняя Азия и Северный Индостан.

Образ жизни: пролетный и гнездящийся вид. Прилетают, примерно, в начале марта, отлет в октябре. Начало размножения совпадает с прилетом. Гнездится по обрывам холмов, чинкам и карнизам скал. Пары имеют не менее двух гнезд, занимаемых поочередно в разные годы. Кладка в конце апреля (известны и более запоздалые – во второй половине июня), состоит из 2 рыжевато-белых яиц, размеры – 43-56 х 58-76 мм. Вылет молодых в июне. Питается, главным образом, падалью и отбросами.

Статус: немногочисленная птица, внесена в Красный список МСОП и Красную книгу Туркменистана.

### 66. Gajar – *Aegypius monachus* – Черный гриф

Meýdan alamatlary: agramy boýunça sakgally garaguşdan we akguýruk suw bürgütden ýokary bolan uly ýyrtyjy guş. Ulularynyň ýelek örtügi goýy-goňur, ganatlary gara. **«Ýüzi» ýalaňaç, kellesi goňur sütük ýelekler bilen örtülen**, şonuň ýaly ýalaňaç boýny edil «ýüzi» ýaly, gögümtil ýa-da agymtyl reňkli. **Boýnunyň çykýan ýeriniň töweregindäki ýakalyk agymtyl-goňur ýeleklerden durýar, boýnunyň sütük ýelekleri tüýdülip aýrylýar.** Ganatlary uzyndan inli, uçlary, aýratyn-da gaýyp uçanda gerilip açylýar. Ýaşlary ululara garanyňda garamtylrak – gara-goňur. Deşli çüňki goýy-şahsypat reňkli, dyrnaklary gara. Sesi – özboluşly hyžlama. Uzynlygy

Полевые признаки: очень крупная хищная птица, по весу превосходящая даже бородача и орлана-белохвоста. Взрослые сплошь темно-бурые, крылья черные. **«Лицо» голое, голова покрыта бурым пухом,** голая шея, как и «лицо», голубоватого или белесого цвета. **Воротник вокруг основания шеи из бледно-бурых перьев, пух на шее обнашивается.** Крылья широкие длинные, концы растопырены, особенно, при парении. Молодые темнее взрослых – черно-бурые. Массивный клюв темно-роговой, когти черные. Голос – своеобразное шипение. Длина – 100-115, крыло – 71.5-82.5 см, вес – 7-12.5 кг.

– 100-115, ganaty – 71.5-82.5 sm, agramy – 5-12.5 kg.

<u>Meňzeşlikleri–tapawutlary:</u> dazzarkelden reňkiniň garamtyldygy, akguýruk suw bürgütden guýrugynyň we çüňküniň garamtyldygy bilen tapawutlanýar, olaryň gabarasy birmeňzeş, emma dürbüsiz görnüşlerini uzakdan tapawutlandyrmak kyn.

<u>Ýaýran ýerleri:</u> Günorta Ýewropanyň, Demirgazyk-Günbatar Afrikanyň, Arabystanyň, Krymyň, Kawkazyň, Alynky, Ortaky, Merkezi we Günorta Aziýanyň daglyk ýerlerinde. Kawkazda, Alynky we Merkezi Aziýada we Hindistanyň demirgazygynda gyşlaýar. Türkmenistanda – Uly we Kiçi Balkanda, Köpetdagda, Garabilde, Köýtendagda, köpelenden soň Garagumuň käbir ýerlerinde.

<u>Ýaşaýşy:</u> höwürtgeleýän, bölekleýin oturymly, emma köpüsi sowuk wagty günorta tarap göçýär. Güýzüne oktýabryň aýagynda we noýabrda uçup gidýär, ýazyna – fewralda uçup gelýär. Agaçlaryň üstünde, dagda arça agajynda, Bathyzda - pissede höwürtgeleýär. Iýmit gözlegi üçin uzakdaky düzlük giňişliklere gidýär. Mart-apreliň başynda gabygy kirliräkak reňkli 1 ýumurtga goýýar, ölçegleri - 62-72 x 84-97 mm. Maý aýynda jüýjesi çykýar, iýulda uçurym bolýar, awgustda höwürtgäni taşlayar. Esasan, ölen gara mallaryň, ýabany toýnaklylaryň, uly gemrijileriň maslyklary, käte suwulganlar bilen iýmitlenýär.

<u>Statusy:</u> seýrek, baş sany azalýan görnüş hökminde MSOP-yň Gyzyl sahypasyna we Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen. Türkmenistanyň daglyk ýerlerindäki goraghanalaryň we Bathyzyň guşlarynyň iň täsin wekilleriniň biri.

<u>Сходства – отличия</u>: от белоголового сипа отличается темной окраской, от орлана-белохвоста – темным хвостом и клювом, их силуэты схожи, но без бинокля высоко в полете они трудно различимы.

<u>Распространение</u>: горные области Южной Европы, Северо-Западной Африки, Аравии, Крыма, Кавказа, Передней, Средней, Центральной и Южной Азии. Зимой на Кавказе, в Передней и Центральной Азии и на севере Индостана. В Туркменистане – Большие и Малые Балханы, Копетдаг, Бадхыз, Карабиль, Койтендаг, вне гнездовое время местами в Каракумах.

<u>Образ жизни</u>: гнездящаяся, частично оседлая птица, но большинство в холодное время года отлетает к югу. Осенний отлет – с конца октября и в ноябре, весной появляются в феврале. Гнездится на деревьях: в горах на арче, в Бадхызе на фисташках. Кормовые вылеты совершает далеко на равнины. Кладка – в марте-начале апреля, состоит из одного яйца грязновато-белого цвета, размером 62-72 x 84-97 мм. Вылупление птенцов в мае, в июле они поднимаются на крыло, в августе покидают гнездо. Питаются, в основном, падалью – павшим скотом, дикими копытными, крупными грызунами, иногда ящерицами.

<u>Статус</u>: как редкий, сокращающийся в численности вид включен в Красный список МСОП и Красную книгу Туркменистана. Один из интересных представителей птиц Бадхызского и горных заповедников Туркменистана.



## 67. Dazzarkel – *Gyps fulvus* – Белоголовый сип

<u>Meýdan alamatlary:</u> ganatlary uzyndan inli uly guş. Umumy reňkli ýagty, **kellesi we boýny gytyk ak sütük ýelekler bilen örtülen, ýakalygy gür ösen açyk reňkli sütük ýeleklerden duryar.** Arkasy we ganatlarynyň üsti melemtil-goňur reňkli, aşagy garamtylrak, çyparrak-goňur, **ganatlarynyň aşagy we biraz tegelenen guýrugy gara.** Ýaşlarynyň daýaw çüňki goňur, uly guşlaryňky – sarymtylrak, aýaklary çal. Ýaşlary uly guşlara garanyňda garamtylrak, goňurrak, ýakalygy uzyn, çowly çyparrak-goňur ýeleklerden duryar. Işjeň uçmakdan howa göterilende we jübütleşme oýunlarynda peýdalanýar, adatça gaýyp uçýar. Uzynlygy – 95-110, ganaty – 69-76 sm, agramy – 7 kg golaý.

<u>Meňzeşlikleri–tapawutlary:</u> gajardan reňkiniň ýagtydygy, kellesiniň we ýakalygynyň akdygy, maslykçydan ölçegleriniň has uludygy bilen tapawutlanýar.

<u>Ýaýran ýerleri:</u> Demirgazyk-Günbatar we Demirgazyk-Gündogar Afri-kanyň, Günorta Ýewropanyň, Krymyň, Kawkazyň, Alynky we Merkezi Aziýanyň daglary – Tibet we Gimalaý daglaryna çenli. Türkmenistanda, esasan, Uly Balkanda, Köpetdagda, Bathyzda, Garabilde, Köýten dagyna çenli; bölekleýin Murgap, Amyderýa jülgelerinde we Garagumda duş gelýär.

<u>Ýaşaýşy:</u> höwürtgeleýär, bölekleýin oturymly, gonup-göçýän guş. Esasan, daglyk ýerlerde ýaşaýar, emma derýalaryň gaýaly kenarlarynda hem seýrek duşýar. Bu guşlaryň esasy bölegi noýabr we mart

<u>Полевые признаки</u>: крупная птица с длинными широкими крыльями. Общая окраска светлая, **голова и шея покрыты коротким белым пухом, воротник из густого светлого пуха**. Спина и верх крыльев землянисто-бурого цвета, низ темнее, рыжевато-бурый, **крылья снизу и несколько закругленный хвост – черные**. Массивный клюв бурый у молодых и с желтизной у взрослых, ноги серые. Молодые темнее взрослых, коричневатые, воротник из длинных заостренных рыжевато-бурых перьев. Активным полетом пользуется только при взлете и брачных играх, обычно парит. Длина – 95-110, крыло – 69-76 см, вес около 7 кг.

<u>Сходства – отличия</u>: от черного грифа отличается светлой окраской, белой головой и воротником, от стервятника заметно крупными размерами.

<u>Распространение</u>: горы Северо-Западной и Северо-Восточной Африки, Южной Европы, Крыма, Кавказа, Передней и Центральной Азии – до Тибета и Гималаев. В Туркменистане распространен, в основном, в горах: от Больших Балханов на восток – Копетдаг, Бадхыз, Карабиль – до Койтендага; нерегулярно встречается по долинам Мургаба и Амударьи, в Каракумах и Прикарабогазье.

<u>Образ жизни</u>: гнездящаяся, частично оседлая, кочующая птица. Обитает, в основном, в гористых местностях, но изредка по обрывистым речным берегам. Основная часть птиц между ноябрем и мартом откочевывает на юг. В последние годы, особенно в теплые зимы,

aýlarnyň aralygynda günorta tarap göçýär. Soňky ýyllarda, ýyly gyşlarda höwürtgeleýän ýerlerinde galýar. Olar kiçiräk topar bolup, käte ýekelikde hem höwürtgeleýär. Jübütligi durnukly, barmasy kyn bolan gaýalarda guran höwürtgelerini birňäçe ýyllap ulanýar. Fewralda, martyň başynda 1 sany kirliräk-ak ýumurtgany goýýar, ölçegleri - 64-75 x 81-101 mm. Iýulda jüýjeleri uçurym bolýarlar. Esasan, öý haýwanlarynyň, seýregräk ýabany toýnaklylaryň maslyklary bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sanly görnüş, emma iýmit goruna baglylykda olaryň sanynyň azalmagy mümkin. Tutmak we awlamak gadagan.

остаются в районах гнездования. Гнездится, чаще всего, небольшими колониями, но отмечаются и одиночно расположенные гнезда. Пары постоянны, гнезда, построенные на труднодоступных карнизах скал и обрывов, используются в течение нескольких лет. Кладка, скорее всего, в феврале – начале марта, состоит из одного яйца грязно-белого цвета, размером 64-75 х 81-101 мм. Молодые поднимаются на крыло в июле. Питается, в основном, падалью, основу которой составляют трупы домашних животных, реже диких копытных.

Статус: немногочисленный вид, численность может сокращаться в зависимости от кормовой базы. Отлов и добыча запрещены.

### 68. Ýylançy gyrgy – *Circaetus gallicus* – Змееяд

Meýdan alamatlary: garaguş keşpli uly ýyrtyjy guş. **Oturan guşyň kellesi çal, uly sary gözleri çäksiz uly ýaly bolup görünýär.** Arka tarapy goňur, garny üýtgäp durýan nagyşly agymtyl, ýygy-ýygydan garamtyl kese zolaklar geçýär, bokurdagy we petekesi ala-goňur. Ganatlary inli, uçýan wagty uçgy ýelekleri dürli taraplara ýerbe-ýer goýulan, başgalara garanyňda, uzyn, sähelçe tegelenen guýrugy 3-4 sany tutuk garamtyl zolakly. Horazy-mäkiýany daşyndan tapawutlanmaýar, ýaşlarynyň ganatlarynyň we guýrugynyň uçlary agymtyl gaýalan. Uçýan döwründe, edil göwenek ýaly ganatlaryny ýygy-ýygydan kakyp, dowamly saklanyp bilýär. Uzynlygy – 62-69, ganaty – 52-60.5 sm, agramy – 1.2-2.0 kg.

Полевые признаки: довольно крупная хищная птица с орлиным обликом. **У сидящей птицы серая голова с крупными желтыми глазами кажется несоизмеримо большой**. Спинная сторона бурая, брюшная беловатая с изменчивым рисунком, чаще с темными поперечными полосками, горло и зоб – в коричневатых пестринах. Крылья широкие, в полете перья на концах расставлены в разные стороны, довольно длинный, слегка закругленный хвост с 3-4 неяркими темными полосами. Самец и самка внешне не отличаются, у молодых концы крыльев и хвоста со светлыми каймами. Во время полета может ненадолго повисать, как пустельга, вибрируя крыльями. Длина – 62-69, крыло – 52-60.5 см, вес – 1.2-2.0 кг.



Meňzeşlikleri–tapawutlary: uçýan wagty reňki çalymtyl görünýär, depe syçançydan guýrugyndaky zolaklary, tüýlek aýakly syçançydan we balykçy bürgütden – ganatlarynyň eplenýän ýerlerinde gara tegmiliň ýokdygy bilen tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän döwründe ýaýrawy giň - Afrika-Sahara çölünden başga-da, Günorta we Orta Ýewropa, Alynky we Orta Aziýa, Hindistanyň demirgazygy. Türkmenistanda - Garagumdan başlap, daglyklara çenli, dageteklerinde we derýalaryň jülgelerinde gabat gelýär. Afrikada, Arabystanda we Aziýanyň günortasynda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän guş. Ýazyna martda uçup gelýär, güýzine - awgust-sentýabrda uçup gidýär. Agaçlaryň üstünde höwürtge gurýar: çölde sazagyň, Bathyzda pissäniň, dagda arçalaryň ýa-da gaýalaryň erňeklerinde. Martyň soňundan maýyň başyna çenli 1 sany ak reňkli ýumurtgany goýýar, ölçegleri - 59 x 75 mm. Düzlük giňişliklerde aw edýär, ýylanlar we suwlugan-lar, (hažžyklar, ýylançyrlar) bilen iýmitlenýär.

Statusy: sany azalýan görnüş, Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen. Tutmak we awlamak gadagan.

Сходства – отличия: в полете кажется серым, от курганника отличается полосами на хвосте, от зимняка и скопы – отсутствием темных пятен на сгибе крыла.

Распространение: на гнездовье широко распространен в Африке, исключая Сахару, в Южной и Средней Европе, в Передней и Средней Азии, на севере Индии. В Туркменистане встречается во многих местах, начиная от Каракумов до горных районов, предгорий и речных долин. Зимует в Африке, Аравии и на юге Азии.

Образ жизни: пролетная, гнездящаяся птица. Весной прилетает с конца марта, осенний пролет с середины августа, в сентябре. Гнезда строит на деревьях, например в пустыне на саксауле, в Бадхызе на фисташке, в горах на арче, или скальных выступах. Кладка – с конца апреля до начала мая, состоит из одного яйца белого цвета, размеры, в среднем – 59 х 75 мм. Птенцы появляются в конце мая - начале июня. Охотится в открытых местностях, питается змеями и ящерицами (агамами, сцинками).

Статус: сокращающийся в численности вид, включен в Красную книгу Туркменистана. Отлов и добыча запрещены.

### 69. Gamyş (batga) gulatysy – *Circus aeruginosus* – Болотный лунь

Meýdan alamatlary: gargadan ulurak, gulatylaryň içinde has ulusy. Horazy we mäkiýany biri-birlerinden oňat tapawutlanýarlar. **Horazynyň üsti goňur, emma kellesi we eginleri açyk reňkli, çyparrak, aşaky tarapy agymtyl-çyparrak. Guýrugy goňurrak-gögümtil çal. Mäkiýany bir reňde goýy-goňur, kellesiniň üsti**

Полевые признаки: больше вороны, из луней наиболее крупный. Самец и самка хорошо отличаются друг от друга. **У самца верх бурый, но голова и плечи светлые, рыжеватые, а низ беловато-рыжеватый. Хвост буровато-сизый, серый. Самка однородно темно-бурая, верх головы и горло и**

**we bokurdagy, ganatlarynyň öňki tarapy agymtyl-çypar, melemtil-goňur, bokurdagy agym-tyl.** Ýaşlary mäkiýanyna çalymdaş. Howada işjeň uçuşyny gaýyp uçmak bilen utgaşdyryp, ýeňil we dowamly saklanýar. Gamyşly jeňňelliklerde pidasyna tiztizden topulýar. Sesi myňňylldawuk jyňňyldy. Uzynlygy – 43-58, ganaty – 39-43.5 sm, agramy - 400- 950 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: beýleki gulatylardan ölçegliriniň uludygy we has garamtyl reňklidigi, şeýle-de **guýruk üstüniň ak däldigi** bilen tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: giň – Ýewropa, demirgazyk-günbatar welaýatlardan başgalarynda, Günorta Sibir, Günorta-Günbatar we Merkezi Aziýadan Demirgazyk-Gündogar Hytaýa we Koreýa çenli, Afrikanyň günorta böleginde we Madagaskar, Awstralyýa we Täze Zelandiýa. Orta Aziýanyň suwsyz we beýiki daglyk ýerlerinden başga, hemme ýerlerde gabat gelýär. Türkmenistanda - Hazar deňzinden Amyderýa we Sarygamyşa çenli suw ýataklarynyň ählisinde (derýalaryň jülgelerinde, kölleriň, suw howdanlaryň, kanallaryň, akyndy suwlaryň kenarynda) duşýar. Ýewropanyň günorta böleginde we Aziýada Hindistanda we Afrikada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: höwürtgeleýär, uçup geçýär we gyşlaýar. Ýazyna fewralyň ikinji ýarymyndan we martda, güýzkisi – sentýabr - noýabrda uçup geçýär; gyşky uçup geçmegi iýmit gözlegleri bilen baglanyşyklydyr. Höwürtgeleýän, uçup gezýän we gyşlaýan döwürleri derýalaryň jülgelerinde, suw ýataklarynyň kenarýakalarynda saklanýar. Jeňňelliklerde gamyş üýşmekleriniň üstünde gyrymsylaryň çybyklaryndan, otlaryň sypallaryndan uly höwürtge gurýar. Aprel aýynyň birinji ýarymynda 4 sany ak reňkli ýumurtglary goýýar, ölçegleri - 35-41 x 45-53 mm. Jüýjeleri iýun aýynyň ikinji ýarymynda uçurym bolýarlar. Esasan, bu guşlar, gemrijiler we beýleki maýda süýdemdirijiler, suwulganlar, mörmöjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: adaty guş, uçup geçýän we gyşlaýan döwrlerinde sany mesemälim ýokarlanýar.

**передняя часть крыла беловато-рыжие, кремовые, горло беловатое**. Молодые похожи на самок. Легко и долго держится в воздухе, сочетая активный полет со скольжением. Часто бросается на добычу в заросли тростника. Голос – гнусавый писк. Длина – 43-58, крыло – 39-43.5 см, вес – 400-950 г.

Сходства – отличия: от других луней отличается несколько крупными размерами и более темной окраской, а также **отсутствием белого надхвостья**.

Распространение: широкое – Европа, кроме северо-западных областей, Южная Сибирь, Юго-Западная и Центральная Азия до Северо-Восточного Китая и Кореи, южная часть Африки и Мадагаскар, Австралия и Новая Зеландия. В Средней Азии встречается повсеместно, за исключением безводных участков пустынь и высокогорий. В Туркменистане – по всем водоемам (долины рек, берега озер, водохранилищ и каналов, сбросные водоемы), от Каспия до Амударьи и Сарыкамыша. Зимует в южной половине Европы и Азии, вплоть до Индостана, в Африке.

Образ жизни: гнездится, пролетает и зимует. Весенний пролет – во второй половине февраля и в марте, осенний – сентябрь-ноябрь, переходит в зимние перемещения, связанные с кормодобыванием. Как на гнездовье, так и на пролете и зимовке держится по речным долинам, берегам водоемов. Довольно крупное гнездо сооружает из сухих веток, травы, тростника на кочках среди густых зарослей. Кладка в первой половине апреля, обычно из 4-х почти белых яиц, размеры – 35-41 х 45-53 мм. Вылет молодых во второй половине июня. Питается, главным образом, птицами, также ловит грызунов и других мелких млекопитающих, ящериц, насекомых.

Статус: обычная птица, наиболее многочисленный из луней, численность заметно увеличивается во время пролета и зимовки.

### 70. Meýdan gulatysy – *Circus cyaneus* – Полевой лунь

Meýdan alamatlary: garga möçberli, orta ölçegli guş, ganatlarynyň we guýrugynyň uzyndygy sebäpli, uçýan wagty uly ýaly bolup görünýär. Horazy mäkiýanyndan reňki boýunça anyk tapawutlanýar. **Uly horazynyň üsti açyk-gögümtil, aşagy we guýrugynyň üsti ak, ganatlarynyň ujy gara. Mäkiýanynyň üsti goňur, kellesi we eginleri çyparrak tegmilli. Guýrugynyň üsti ak, kese goýy-goňur zolakly.** Aşagy agymtyl, dik goňur menekli. Ýaşlary mäkiýana çalymdaş, emma üstki tarapy çyparrak gaýmaly, aşagy garamtylrak, çyparrak. Gyssanman uçýar, ganatlaryny kakyp bat alyp, ýere ýakyn gaýyp uçmak häsiýeti bolýar. Sesi – "gi-gi-gi" ýa-da "piirr". Uzynlygy – 45-55, ganaty – 33-40 sm, agramy - 400 g golaý.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: horazy batga gulatydan açyk - gögümtil reňkidigi; sähra gulatydan – ganatynyň uçlarynyň tutuşlygyna garadygy; meýdan şertlerinde mäkiýany ýaşlaryndan tapawutlandyrmak örän kyn, beýleki gulatylara garanda, guýrugynyň üstündäki ak zolagynyň has inlidigi bilen tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: giň - Ýewraziýanyň

Полевые признаки: среднего размера, величиной с ворону, но в полете кажется крупнее благодаря длинным крыльям и хвосту. Различия в окраске между самцом и самкой сильно выражены. **Взрослый самец сверху светло-сизый, низ и надхвостье светлые, концы крыльев черные. Самка сверху бурая, с рыжеватыми пестринами на голове и плечах. Надхвостье белое, хвост в темно-бурых поперечных полосах**. Низ беловатый, с бурыми продольными пестринами. Молодые похожи на самок, но сверху с рыжеватыми каймами, а низ темнее, рыжеватый. Полет неторопливый, характерен чередованием взмахов крыльев со скольжением низко над землей. Голос – «ги-ги-ги» или «пииррь». Длина – 45-55, крыло – 33-40 см, вес – около 400 г.

Сходства – отличия: самец от болотного луня отличается светлосизой окраской, от степного луня – целиком черной вершиной крыла; самка и молодые в полевых условиях очень трудно различимы, главный признак – белое надхвос-

we Demirgazyk Amerikanyň merkezi welaýatlary. Günorta Ýewropada, Kiçi, Alynky we Merkezi Aziýada, Demirgazyk Hindistanda gyşlaýar. Orta Aziýada we Türkmenistanda, uçup geçende we gyşlanda hemme ýerlerde diýen ýaly duşýar.

<u>Ýaşaýşy:</u> uçup geçýär we gyşlaýar. Ýazyna mart - aprel we güýzine – oktýabr - noýabrda uçup geçýär. Höwürtgeleýän ýeri - Köpetdagyň ýokarky kemerlerindäki sähralyk ýerleri, gyşlanynda we uçup geçenlerinde – derýalaryň jülgelerinde, dag-eteginde, ekerançylyk we ýanaşyk çöllük ýerlerde duşýar. Adatça düme ekerançylygynda ýa-da pes boýly gyrymsylarda höwürtge gurýar, 2-5 sany ak ýumurtgalary goýýar, ölçegleri - 43 x 36 mm. Guşlar (köplenç torgaýlar), maýda gemrijiler bilen iýmitlenýär.

<u>Statusy:</u> az sanly, uçup geçende käbir ýerlerde adaty guş.

тье несколько шире, чем у других луней, и зоб (у самцов) более сизоватый.

<u>Распространение</u>: широкое – в северных и центральных областях Евразии и Северной Америки. Зимует в Южной Европе, Малой, Передней и Средней Азии, Северной Индии. В Средней Азии и Туркменистане на пролете и зимовке встречается почти повсеместно.

<u>Образ жизни</u>: пролетает и зимует. Весенний пролет – в марте-апреле, осенний – октябре-ноябре. Всречается по степным горным и предгорным участкам, на пролете – долины рек, предгорья, сельскохозяйственный ландшафт и прилежащие пустынные территории. Питается птицами (чаще жаворонками), мелкими грызунами.

<u>Статус</u>: немногочисленная птица, на пролетах местами обычен.

### 71. Sähra gulatysy – *Circus macrourus* – Степной лунь

<u>Meýdan alamatlary:</u> orta ölçegdäki guş. **Ýetişen horazynyň üsti gögümtil-çal, aşagy ak, döşi gögümtil ýokundyly, ganatlarynyň ujy gara.** Guýrugy kese goňurrak zolakly açyk-gögümtil. **Mäkiýanynyň üsti goýy-goňur, ýelekleri çyparrak gaýmaly, guýrugynyň agymtyl üsti garamtyl kese zolakly.** Aşagy goňur meneklenen agymtylrak - çyparrak reňkli. Ýaşlary mäkiýanyna çalymdaş, emma üstki ýelekleri inli çyparrak gaýmaly, **aşagy meneksiz açyk-goňur ýa-da çypar** reňkli. Sesi dürli-dürli – sandyraýan batly owazlar, basyk sykylyk. Uzynlygy – 40-50, ganaty – 31-36 (horazy) we 33-39 (mäkiýany) sm, agramy - 400 g çenli.

<u>Meňzeşlikleri-tapawutlary:</u> uly horazy beýleki gulatylardan ganatlarynyň ujundaky gara reňkli ýerleriniň az meýdanlydygy (gabawly), mäkiýanynyň - guýruk üstüniň ýagty ýerleriniň insiz we azdygy bilen tapawutlanýar, emma mäkiýanynyň ýaş guşlar ýaly bolmagy, ak gulatydan tapawutlandyrmagy kynlaşdyrýar.

<u>Ýaýran ýerleri:</u> Ýewraziýanyň sähra we sähra-tokaýlyk ýerleri – Dunaý derýasynyň aşaky akymyndan Baýkal kölüne çenli, günortada Syrderýanyň ortaky we aşaky akymyna hem-de Eýranyň demirgazyk-günbatar böleginde, Aziýanyň günortasynda we Afrikada gyşlaýar. Türkmenistanda Etrek derýasynyň aşaky akymyndan Amyderýa çenli bolan düzlükleriň köp ýer-lerinde gabat gelýär.

<u>Ýaşaýşy:</u> uçup geçýär we gyşlaýar. Ýazyna käbiri martyň aýagyndan apreliň ortasyna, ýek-tükleri onuň ahyryna çenli uçup gelýär, güýzine – sentýabryň aýagyndan noýabryň soňuna çenli gabat gelýär. Derýalaryň jülgelerinde saklanýar, emma, çöllük ýerlerde hem duşýar, gyşyna, esasan, oazislerde mekan tutýar. Iýmiti dürli-dürli – gemrijiler, maýda guşlar, suwulganlar, mör-möjekler.

<u>Statusy:</u> seýrek görnüş, MSOP-yň Gyzyl sahypasyna we Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen.

<u>Полевые признаки</u>: среднего размера. **Взрослый самец сверху сизо-серый, низ белый, грудь с сизым налетом, концы крыльев черные**. Хвост светло-сизый в буроватых поперечных полосах. **Самка сверху темно-бурая с рыжими каемками перьев, надхвостье беловатое с темными поперечными полосками.** Низ беловато-рыжеватый с бурыми пестринами. Молодые похожи на самок, но сверху с широкими рыжеватыми каймами перьев, а **низ светло-коричневый или рыжий, без пятен**. Голос разнообразный – дребезжащие звонкие звуки, приглушенный свист. Длина – 40-50, крыло – 31-36 (самцов) и 33-39 (самок) см, вес – до 400 г.

<u>Сходства – отличия</u>: от других луней взрослый самец отличается меньшим развитием (охватом) черного цвета на конце крыльев, у самки более узкое и менее светлое надхвостье, но от лугового луня самка, как и молодая птица, трудно отличимы.

<u>Распространение</u>: степные и лесостепные районы Евразии от низовьев Дуная до Байкала, на юге распространен до среднего течения и низовьев Сырдарьи и северо-западной части Ирана. В Туркменистане встречается во многих равнинных местах от низовьев Этрека до Амударьи. Зимует на юге Азии и в Африке.

<u>Образ жизни</u>: пролетает и частично зимует. Весной пролетает с конца марта до середины, а отдельные особи до конца апреля, осенью встречаются с конца сентября до конца ноября. Предпочитает долины рек, но встречается и в пустынной местности, зимой держится, главным образом, в оазисах. Питание разнообразное – грызуны, мелкие птицы, ящерицы, насекомые.

<u>Статус</u>: редкий вид, включен в Красный список МСОП и Красную книгу Туркменистана.

### 72. Ak gulaty – *Circus pygargus* – Луговой лунь

<u>Meýdan alamatlary:</u> orta ululykdaky guş. Horazynyň mäkiýä-nyndan tapawudy anyk görünýär. Onuň üsti **goýy-gögümtil, ganatlary gara zolakly, guýrugynyň üsti agymtyl-**

<u>Полевые признаки</u>: средней величины лунь. В окраске взрослых имеется значительное различие между полами. Самец сверху **темно-сизый, на крыльях черная**

**gögümtil**, garyn tarapy agymtyl dik çypar tegmilli, **ganatynyň aşagy alarak, uçlary gara.** Mäkiýanynyň üsti goňur, kellesi we eginleri çypar tegmilli. Garyn tarapy agymtyl dik çypar reňkli. Ýaşlary mäkiýana çalymdaş, emma arka tarapy goýy-goňur, garyny – açyk-goňur ýa-da çypar reňkli. Sesi bölünip-bölünip çykýan – "pik-pik-pik" ýa-da sykylykly - "pirr". Uzynlygy – 39-50, ganaty – 32-39 sm, agramy – 260-380 g.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: horazy uçanda ganatlarynyň aşagynyň zolaklydygy we böwürleriniň çypar tegmillidigi bilen beýleki gulatylardan tapawutlanýar, meýdan şertinde oturan guşuň ganatlarynda häsiýetli gara zolagyň bolmagy, mäkiýany ýaşlaryndan tapawutlandyrmakda kynçylyk döredýär.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi – Günbatar we Günorta - Günbatar Ýewropadan Günorta-Gündogar Gazagystana we Baýkal kölüniň aňrysyna çenli, Kawkaz we Demirgazyk-Günbatar Eýran. Türkmenistanda uçup geçende we gyşlanda, günbatarda Etrek derýasynyň aşak akymyndan Köpetdagyň etegine, Tejen, Murgap, Garagum derýalarynyň jülgelerine, gündogarda Amyderýa çenli bolan giňişliklerde gabat gelýär. Afrikada we Hindistanda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-gyşlaýan görnüş hem höwürtgeleýän. Ýazyna aprelde we güýzine – awgustyň aýagyndan noýabryň başyna çenli uçup geçýär. Derýalaryň jülgelerinde we ekerançylyk ýerlerinde mekan tutýar. Ýeke-bara guşlar oazisden has uzakda - çöllük ýerlerde hem gabat gelýär. Esasan, maýda gemrijiler we guşlar, şeýle-de süýrenijiler we mör-möjekler (çekirtge, ýaşyl çekirtge, tomzak, byzaw) bilen iýmitlenýär.

Statusy: sany köp däl, sähra gulatysyndan ýygyrak duşýar, emma meýdan gulatysyndan seýregräk.

**полоса, надхвостье бело-сизое**, брюшная сторона беловатая с продольными рыжими пестринами, **снизу крылья кажутся полосатыми, концы черные**. Самка сверху бурая, с рыжеватыми пестринами на голове и плечах. Надхвостье белое с коричневато-рыжими продольными пестринами. Брюшная сторона беловатая с продольными рыжими полосами. Молодые похожи на самок, но спинная сторона темно-бурая, а брюшная – светло-коричневая или рыжая. Голос – отрывистый «пик-пик-пик» или свистящее «пирръ». Длина – 39-50, крыло – 32-39 см, вес – 260-380 г.

Сходства – отличия: самец в полете от других луней отличается полосатым низом крыльев и рыжими пестринами на брюхе, у сидящей птицы – характерная черная полоска на крыле, самка и молодые птицы в природных условиях почти неотличимы.

Распространение: гнездовая часть ареала – от Западной и Юго-Западной Европы до Юго-Восточного Казахстана и Забайкалья, на Кавказе и в Северо-Западном Иране. В Туркменистане на пролете и зимовке встречается широко – от низовьев Этрека на западе, в предгорьях Копетдага, в долинах Теджена, Мургаба, Каракумдарьи, до Амударьи на востоке. Зимует в Африке и Индостане.

Образ жизни: пролетный, частично зимующий спорадически гнездящийся вид. Сроки пролета: весной – в апреле, осенью – с конца августа до начала ноября. Места обитания приурочены к долинам рек, сельскохозяйственному ландшафту. Отдельные птицы встречаются и в пустынных районах вдали от оазисов. Питается, главным образом, мелкими грызунами и птицами, а также пресмыкающимися и крупными насекомыми (саранчой, кузнечиками, жуками, медведками).

Статус: численность невысокая, встречается чаще степного луня, но реже, чем полевой лунь.



### 73. Garçygaý – *Accipiter gentilis* – Тетеревятник

Meýdan alamatlary: gargadan sähelçe ulurak. Arka tarapy **goňurrak ýa-da gögüräk-çal, kellesi arkasyndan gararak, maňlaýy we gaşy agymtyl**, guýrugy çala saýgardýan goňurrak kese zolakly we has **inli gara zolakly.** Garyn tarapy **agymtyl-çal, kese insiz goňur nagyşly.** Ýaşlarynyň üsti çyparrak teňňe nagyşly, aşagy – çalymtyl-çypar, dik inli goňur tegmilli. Uly guşlaryň gözi gyzylymtyl-mämişi we ýaşlarynyňky – agymtyl-sary. Sesi dürli – pert gykylyk, käte sesli "mýawlama". Horazynyň uzynlygy – 49-56, mäkiýanynyňky – 58-64, horazynyň ganaty – 30-35 we mäkiýanynyňky 31-39 sm, horazlarynyň agramy - 572-740, mäkiýanalrynyňky – 915-1200 g.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: öl-çegleriniň has uludygy, inli guýrugynyň uzyndygy we ganatlarynyň gysga kütekdigi bilen beýleki gyrgylardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Demirgazyk Amerika we Ýewraziýa, Ýewropaýň günbatar araçäginden Ýaponiýa çenli. Türkmenistanyň, esasan, günorta we günorta-günbatar böleklerinde duşmagy mümkin.

Ýaşaýşy: bize seýrek, tötänden

Полевые признаки: несколько крупнее вороны. Спинная сторона **буровато- или сизо-серая, голова темнее спины, лоб и брови беловатые**, хвост со слабо заметными буроватыми поперечными полосками и более **широкой темной полосой**. Брюшная сторона **беловато-серая с тонким бурым поперечным рисунком**. У молодых птиц верх бурый с рыжеватым чешуйчатым рисунком, низ серовато-рыжеватый в широких бурых продольных пятнах. Глаза красновато-оранжевые у взрослых и бледно-желтые у молодых птиц. Голос – разнообразные резкие крики, иногда громкое «мяуканье». Длина самцов – 49-56, самок – 58-64; крыло у самцов – 30-35, у самок – 31-39 см; вес самцов – 562-740 г, самок – 915-1200 г.

Сходства – отличия: от других ястребов отличается более крупными размерами, а от крупных соколов – длинным широким хвостом и короткими тупыми крыльями.

Распространение: широкое – Северная Америка и Евразия от западных границ Европы до Японии. В Туркменистане может попадать-

uçup gelýän guş. Agaçly we gyrymsy agaçly ýerlerde saklanýar. Esasan, guşlary buky ýerlerden uçup, awlap iýmitlenýär.

Statusy: seýrek duşýan guş, käbir ýerli awçylar elguş hökmünde ulanýarlar.

ся, в основном, в южной и юго-западной части страны.

Образ жизни: у нас - пролетно зимующая птица. Предпочитает местообитания с древесно-кустарниковыми участками. Питается, в основном, птицами, на которых охотится, вылетая из засады.

Статус: редкий вид, некоторыми местными сокольниками используется в качестве ловчей птицы.

### 74. Bedeneçi gyrgy – *Accipiter nisus* – Перепелятник

Meýdan alamatlary: kepderiden kiçiräk, **sary ýa-da mämişi** gözli guş. Horazy reňki, sypaty boýunça garçygaýa meňzeş, emma ondan iki esse kiçi. Mäkiýany horazyndan ep-esli uly, olar diňe reňki boýunça tapawutlanýarlar. Ýetişen horazyň **üsti gögümtil, boýnunyň yzynda we eginlerinde tertipsiz ýerleşen ak tegmilleri bolýar, aşaky tarapy agymtyl, insiz goňurrak-çypar kese geçen zolakly. Mäkiýanynyň üsti goňur we has anyk garamtyl-goňur kese zolakly**, gözüniň üsti agymtyl gaşly. Ýaşlary goýy-goňur, ýeňsesi, eginleri, arkasy we ganatlary ak bellikli. Aw edende agaçlaryň şahalarynyň arasynda ümsüm oturyp, pidasyna duýdansyz topulýar. Sesi dürli, ýygy-ýygydan çalt gaýtalanýan “kik-kik-kik”-güýçli sesli. Horazlarynyň uzynlygy – 29-34, mäkiýanlarynyňky – 35-41, horazynyň ganaty – 19-22, mäkiýanynyňky – 22-26 sm, agramy – 200-250 g.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: sykylykçy gyrgydan gözleriniň sarydygy ýa-da mämişidigi, reňki boýunça çalym edýän maýda laçynlardan bolsa, guýrugynyň uzyn we inli, kütek uçlydygy bilen tapawutlanýar.

Полевые признаки: некрупная, размером меньше голубя птица **с желтыми или оранжевыми глазами**. Самцы – почти вдвое уменьшенная копия тетеревятника – и по окраске, и по внешнему облику. Самки значительно крупнее самцов, отличаются они и окраской. Взрослый самец **сверху сизый, на зашейке и плечах неправильные белые пятна, снизу беловатый с тонкими буровато-рыжими поперечными полосками. Самка – бурая сверху** и с более резкими темно-коричневыми поперечными полосками, **над глазом светлая беловатая бровь**. Молодые – темно-бурые, с белыми отметинами на затылке, плечах, спине и крыле. Во время охоты затаивается в кронах деревьев, затем внезапно бросается на жертву. Голос разнообразен, часто – громкое, быстро повторяющееся «кик-кик-кик». Длина самцов – 29-34, самок – 35-41, крыло у самцов – 19-22, у самок – 22-26 см, вес – 200-250 г.

Сходства – отличия: от тювика отличается желтыми или оранжевыми глазами, от сходных по окраске мелких соколов – длинным и



Ýaýran ýerleri: giň, arealynda höwürtgeleýän bölegi - Ýewraziýanyň (günorta Gimalaý daglaryna çenli) düzlük we dag tokaýlyklaryny, şeýlede Afrikanyň demirgazyk-günbatar çetlerini öz içine alýar. Orta Aziýada, şol sanda Türkmenistanda hem, aýratyn-da, uçup geçýän döwründe, hemme ýerlerde duşýar. Günorta we Günbatar Ýewropada, Kawkazda, Alynky Aziýada, Orta Aziýanyň günortasynda, Günorta, Günorta-Gündogar we Gündogar Aziýada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: höwürtgeleýär, uçup geçýär we gyşlaýar. Köpetdagda, Uly Balkanda wagtal-wagtal höwürtgeleýär. Uçup geçende we gyşlanda giňişleýin duşýar. Ýazyna mart-aprelde, güýzine - sentýabryň aýagyndan noýabryň soňuna çenli uçup geçýär. Daglarda arçalykda (1500 m we ýokary), köplenç arça agajynda höwürtgeleýär, 2-5 sany melemtil-goňur menekli ak reňkli ýumurtgalary goýýar. Iýulda uçurym bolan guşlar duşýar. Maýda guşlar – tiňňildewüklerden jok-jokylara çenli, käte gumrylar bilen iýmitlenýär.

Statusy: höwürtgeleýän ýerlerinde az sanly, uçup geçende we gyşlanda adaty, aýratyn-da derýalaryň jülgelerinde. Doly öwrenilmedik. Elguş hökmünde ulanylýar, emma garçygaý ýa-da uly laçynlar ýaly meşhurlygy ýok.

широким хвостом, широкими притупленными крыльями.

Распространение: широкое, гнездовая часть ареала охватывает равнинные и горные леса Евразии (на юге до Гималаев), а также крайний северо-запад Африки. В Средней Азии, в том числе и в Туркменистане, встречается повсеместно, особенно на пролете. Зимовки – в Южной и Западной Европе, на Кавказе, в Передней, на юге Средней, в Южной, Юго-Восточной и Восточной Азии.

Образ жизни: гнездится, пролетает и зимует. Нерегулярно гнездится в Копетдаге и Больших Балханах и Койтендаге. На пролете и зимовке – шире. Весенний пролет в марте-апреле, осенний – с конца сентября до ноября. Гнездится в горах в зоне арчи (1500 м и выше). Гнездо устраивает на деревьях, чаще на арче. Кладка из 2-5 яиц белого цвета с буро-коричневыми пятнами. Подросшие птенцы встречаются в июле. Питается мелкими птицами – от пеночки до дрозда, иногда горлицами.

Статус: на гнездовье немногочислен, на пролете и зимовке – более обычен, особенно по долинам рек. Используется в качестве ловчей птицы, хотя охота с ним не популярна, как с крупными соколами или тетеревятниками.

### 75. Ýewropa sykylykçy gyrgy – *Accipiter brevipes* – Европейский тювик

Meýdan alamatlary: kepderi ölçegli, ganatlary başgalara garanyňda insiz we **guýrugy gysgalan garamtyl kese ýygjam bellikli** guş. Horazynyň we mäkiýanynyň ölçegleri birmeňzeş. **Ganatlarynyň uçlary ga-**

Полевые признаки: размером с голубя, с относительно узкими крыльями и укороченным **хвостом с темными поперечными, частыми отметинами**. Самец и самка одинакового размера. **Концы кры-**

**ramtyl, ol uçanda oňat görýnýär.** Üstki tarapynyň reňki gögümtil-goýy-çal, aşagy – kese çypar we ak zolakly, ýaşlarynyňky – maýda we ýürek sypatly ýygjam tegmilli. Gözleri goýy-gyzyl. Sesi pert, kesgitli wagtal-wagtal gaýtalanýan sykylyk - “ki-wik”. Uzynlygy – 30-37, horazlarynyň ganaty – 21-23, mäkiýanlarynyňky – 23-24 sm, agramy – 200-250 g.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: bedeneçi gyrgydan ganatlarynyň has çowludygy, gözlriniň garamtyldygy; sykylykçy gyrgydan – ýürekşekilli damja bellikleri bedeniniň aşak tarapyndalygy, aýratyn-da, ýaşlaryna mahsusdygy bilen tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi - Günorta-Gündogar Ýewropadan Zakawkaziýa çenli, Kiçi Aziýanyň günbataryny öz içine alýar. Ýakyn Gündogarda we Arabystanyň demirgazyk böleginde gyşlaýar. Türkmenistanda, onuň günbatarynda (Etrek derýasynyň aşaky akymynda), şeýle-de gündogarynda (Amyderýanyň jülgesinde) bellendi.

Ýaşaýşy: tötänden uçup gelýän görnüş. Esasan, daglyk ýerlerde we derýalaryň jülgelerinde saklanýar. Maý aýynda we sentýabrda duş gelýär. Maýda suwulganlar we guşlar, mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: örän seýrek, bizde gowşak öwrenilen guş, ol baradaky maglumatlar gymmatlydyr.

**льев темные, что хорошо видно в полете**. Сверху окрас голубовато-темно-серый, снизу – поперечные рыжие и белые полосы, а у молодых – мелкие и частые сердцевидные пятна. Глаза темно-красные. Голос – характерный резкий, повторяющийся через определенное время свист – «ки-вик». Длина – 30-37, крыло у самцов – 21-23, у самок – 23-24 см, вес – 200-250 г.

Сходства – отличия: от перепелятника отличается относительно заостренными крыльями, темными глазами, от тювика – характерными сердцевидными каплями на нижней стороне тела, особенно у молодых.

Распространение: гнездовая часть ареала охватывает Юго-Восточную Европу, до Закавказья включительно, Малую Азию, запад Передней Азии. Зимовки на Ближнем Востоке и северной половине Аравии. В Туркменистане отмечен как на западе (низовье Этрека), так и на востоке (долина Амударьи).

Образ жизни: залетный вид. Держится, главным образом, в горах и по долинам рек. Встречался в мае и сентябре. Питается мелкими ящерицами и птицами, крупными насекомыми.

Статус: очень редкая, у нас слабоизученная птица, информация о которой представляет большую ценность.

### 76. Sykylykçy gyrgy – *Accipiter badius* – Тювик

Meýdan alamatlary: bedeneçi gyrgy ölçegindäki kiçiräk ýyrtyjy guş. Ýaşy ýeten horazyň üstki tarapy gögümtil-goňur, aşagy - agymtyl, goňurrak-çypar kese zolakly. **Agymtyl bokurdagynda dik garamtyl zolaklary** bolýar. **Gözleri gyzylymtyl-goňur.** Mäkiýanynyň üstki tarapy ýagty, gögümtil ýokundysyz, döşündäki we garnyndaky zolaklar garamtylrak. Ýaşlarynyň arkasynyň ýelek örtügi çypar gaýmaly, garyn tarapynyň menekleri soňra kese zolaklara geçýär. Sesi sogdyrylan uzyn sykylyk - “týu-wik,týu-wik”. Horazlarynyň ganaty – 18.2-22.3, mäkiýanlarynyňky – 20.5-23.6 sm, agramy – 200-250 g.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: bedeneçi gyrgydan bokurdagyndaky garamtyl dik zolagy, üstki tarapynyň has goňurdygy we gözleriniň gyzylgoňurdygy; ýewropa sykylykçy gyrgysyndan – reňkiniň solgundygy we bokurdagynyň garamtyl zolaklydygy bilen tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Günorta Gazagystanda, Orta, Alynky we Günorta Aziýada höwürtgeleýär. Türkmenistanda - daglaryň ýokarky kemerlerinden we çöllügiň agaç ösümliksiz ýerlerinden başga ýerlerinde köp gabat gelýär. Päkistanda we Hindistanda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: höwürtgeleýär we uçup geçýär, käbirleri gyşlaýar. Ýazyna aprelde-maýyň başynda, güýzüne–sentýabrda-oktýabryň başynda uçup geçýär. Daglarda, derýalaryň gyrmança basan ýerlerinde, oazislerde, seýrek ilatly nokatlardaky seýilgählerde höwürtgeleýär. Agaçlaryň üstünde (toraňňy, tut, glediçiýa we başg.) höwürtge gurýar. Maý aýynda 2-7, köplenç 3-4 sany ýaşylymtyl öwüşginli ak ýumurtgalary goýýar, ölçegleri - 28.3 x 37.4 mm. Iýulda - awgustyň başynda jüýjeleri uçurym bolýar. Ownuk guşlar we suwulganlar, mör-möjekler (tomzaklar, çekirtgeler) bilen iýmitlenýär.

Полевые признаки: некрупный хищник, размером с перепелятника. Взрослый самец сверху сизовато-бурый, низ светлее с буро-рыжеватыми поперечными полосами. **На беловатом горле есть темная продольная полоса. Глаза красновато-бурые**. Самка светлее сверху и без сизого оттенка, полосы на груди и брюхе темнее. У молодых перья на спине с рыжими каемками, на брюшной стороне с пятнами, переходящими в поперечные полосы. Голос – характерный, протяжный свист «тью-вик, тью-вик». Крыло самцов – 18.2-22.8, самок – 20.5-23.6 см, вес – 200-250 г.

Сходства – отличия: от перепелятника отличается темной продольной полосой на горле, более бурым верхом и красно-бурыми глазами, от европейского тювика – более бледной окраской и темной полосой на горле.

Распространение: гнездится в Южном Казахстане, Средней, Передней и Южной Азии. В Туркменистане встречается во многих местах, за исключением верхнего пояса гор и лишенных древесной растительности участков пустыни. Зимовки – в Пакистане и Индостане.

Образ жизни: гнездится и пролетает, отдельные особи зимуют. Весенний пролет – апрель-начало мая, осенний – сентябрь-начало октября. Гнездится в горах, поймах рек, оазисах, нередко в парках населенных пунктов. Гнезда устраивает только на деревьях (туранга, тутовник, гледичия и др.). Кладка в мае из 2-7, чаще 3-4 белых с зеленоватым оттенком яиц, размеры – 28.3 x 37.4 мм. Птенцы вылетают в конце июля-начале августа. Питается мелкими птицами и ящерицами, крупными насекомыми (жесткокрылыми, саранчовыми).

Statusy: adaty, goşmaça öwrenilmegi talap edýär.

Статус: обычен, нуждается в дополнительном изучении.

**77. Syçançy – *Buteo buteo* – Обыкновенный канюк,** или **сарыч**

Meýdan alamatlary: gargadan ulurak, ganatlary inli we **sähelçe tegelenen, gysga guýrukly guş.** Horazy mäkiýanyndan reňki boýunça tapawutlanmaýar, emma **mäkiýany horazyndan mese - mälim ulurak.** Ýelek örtügi ýokarsyndan goýy-goňur we aşagyndan ganatlarynyň uçlary gara, garyn tarapynda çal nagyşlar we zolaklar bolup, agymtyl uly tegmilli, guýrugy – goňur garamtyl kese zolakly. Guşlaryň açyk reňklileri gabat gelýär, olaryň üsti goňurrak-çypar, agymtyl tegmilli ganatlary ala, aşagy solgun tegmilli agymtyl. Uly guşlaryň gözleri goňur, ýaşlarynyňky – mawymtyl. Çalt bolmasa-da, howada oňat uçýar, käte ganatlaryny çalt-çaltdan kakyp, edil göwenek ýaly bir ýerde saklanýar. Sesi güýçli we sogdyrylan - "piu-piu" ýa-da sykylykly - "keý-keý" . Uzynlygy - 46-58 sm, horazlarynyň ganaty – 33,5-38,0, mäkiýanlarynyňky – 42-45 sm, agramy – 900-990 g.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: depe we tüýlek aýakly syçançylardan ölçegleriniň kiçidigi, ganatlarynyň bükülýän ýerinde garamtyl tegmiliň ýokdygy bilen tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Ýewraziýanyň düzlük tokaýlyklary we daglary, günortada Kiçi Aziýa, Demirtgazyk Eýrana, Gimalaý daglaryna, şeýle-de Azor, Kanar, Madeýra, Ýaşyl burun, Korsika, Sardiniýa we Ýapon adalaryna çenli. Orta Aziýada daglyk ýerlerde, Türkmenistanda – Köpetdagda, migrasiýa we gyşlaýan döwründe hemme ýerde.

Ýaşaýşy: höwürtgeleýär, uçup geçip gidýär we gyşlaýar. Ýazyna mart-aprelde, güýzüne – sentýabr-oktýabrda uçup geçýär. Gaýalarda höwürtgeleýär. Baýyrlyk, çöllük giňişliklerde, depe syçançynyňky bilen meňzeş ýerlerde ýaşaýar. Aprelde 2-3 sany goňur menekli agymtyl-ýaşyl ýumurtgalary goýýar, ölçegleri – 40-41 x 50-53 mm. Esasan, maýda gemrijiler we mör-möjekler, käte maýda guşlar bilen iýmitlenýär. Sütünleriň we agaçlaryň üstünde dynç alýar.

Statusy: az sanly, aýratyn-da, höwürtgeleýän döwründe, hemme ýerlerde gorap saklamak gerek.

Полевые признаки: несколько крупнее вороны с относительно широкими крыльями и **коротким, слегка закругленным хвостом**. Самец и самка окраской между собой не отличаются, но **самки заметно крупнее самцов**. Оперение темно-бурое сверху и снизу, концы крыльев почти черные, а снизу большие беловатые пятна с серым рисунком и полосами, хвост – бурый в темно-поперечных полосах. Встречаются птицы светлой окраски, у них верх буро-рыжий, пестрые крылья с беловатыми пятнами, низ беловатый с бледными пестринами. Глаза коричневые у взрослых и голубоватые у молодых. Хорошо летает, хотя полет не быстрый, иногда, трепеща крыльями, задерживается на одном месте как пустельга. Голос – громкое и протяжное «пиу-пиу», или посвист «кей-кей». Длина – 46-58, крыло самцов – 33.5-38, самок – 42-45 см, вес – 900-990 г.

Сходства-различия: от курганника и зимняка отличается меньшими размерами, отсутствием контрастных темных пятен на сгибе крыла.

Распространение: лесные равнины и горы Евразии, на юге до Малой Азии, Северного Ирана, Гималаи, а также острова: Азорские, Канарские, Мадейра, Зеленого мыса, Корсика, Сардиния и Японские. В Средней Азии населяет горные районы, в Туркменистане – Копетдаг, хотя во время миграций и в зимние периоды может встречаться почти повсеместно.

Образ жизни: гнездится, пролетает и зимует. Весной пролетает в марте-апреле, осенью – в сентябре-октябре. Гнездится в Копетдаге. Имеет схожие местообитания с курганником, особенно на пролете, предпочитает холмистые опустыненные пространства. Кладка в апреле из 2-3 яиц беловато-зеленых с коричневыми пятнами яиц, размеры – 40-41 x 50-53 мм. Питается, в основном, мелкими грызунами и насекомыми, иногда мелкими птицами. Часто отдыхает на столбах, высоких деревьях.

Статус: немногочислен, особенно в гнездовое время, подлежит повсеместной охране.

**78. Depe syçançysy – *Buteo rufinus* – Курганник**

Meýdan alamatlary: reňki üýtgeýän, syçançydan has ulurak guş. Guşlaryň açyk (ýygy-ýygydan) we garamtyl (seýrek) reňklileri gabat gelýär. Açyk reňkli guşlaryň üsti açyk-goňur, **guýrugynyň üsti çypar we guýrugy açyk-çypar** reňkli. Guýrugy zolakly däl ýa-da gowşak saýgardýan açyk-çalymtyl ýokundy zolakly. Garyn tarapy açyk goňur ýa-da çypar, aýratyn-da, böwürleri. Ganatlary aşak ýüzünden öň tarapy goňur, yz tarapy - goňrasyrak, **garamtyl tegmil bükülýän ýerinde anyk görünýär.** Ýaşlarynyň şu görnüşdäki boýaglary aşaky tarapyny ala nagyşly edýär, ol guýrugynda has anyk görünýär, garnynyň kese nagyşlary dik tegmiller bilen çalyşýar. Guşlaryň garamtyl boýaglary goýy-goňur reňkli, ganatlary we guýrugy kese zolakly. Ýygy-ýygydan gaýyp, aýlanyp, kän ýokary galman uçýar, sütünlere, wyşkalara,

Полевые признаки: заметно крупнее канюка, с изменчивой окраской. Встречаются птицы светлой (чаще) и темной (реже) окраски. Птицы светлой окраски сверху светло-бурые, **с рыжим надхвостьем и светло-рыжим хвостом**. Хвост без полос или с сероватыми малозаметными полосами. Брюшная сторона светло-коричневая или рыжеватая, особенно по бокам. Крылья снизу бурые спереди и светлые сзади, **на изгибе хорошо заметны темные пятна**. Молодые этого типа окраски снизу имеют полосатый рисунок, на хвосте более четкий, и без поперечного рисунка на брюхе, который заменен продольными пятнами. Птицы темного типа окраски – темно-бурые, с поперечным темным рисунком на крыльях и хвосте. Часто парит кругами не очень высоко, охотно

çulbalara, tümmeklere gonmany halaýar. Ümsum, köpelýän döwründe özboluşly sozulan wak-wakyly sesi eşidilýär. Uzynlygy - 50-61 sm, horazlarynyň ganaty – 40,5-43,8, mäkiýanynyňky - 44,2-47,5 sm, agramy – 1-1,5 kg.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: syçançydan ölçegleriniň has uludygy we ganatyndaky garamtyl menekleri hem-de guýrugynyň uzyndygy bilen tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Demirgazyk Afrika, Günorta - Gündogar Ýewropa, Arabystanda, Kiçi Aziýa, ondan gündogara Mongoliýa we Hindistana çenli duşýar. Orta Aziýada beýik dag gerişlerinden başga ýerlerde giňişleýin ýaýran. Türkmenistanda – çöllükden daglyklara çenli hemme ýerde gabat gelýär.

Ýaşaýşy: oturymly görnüş, gyşyna bir bölegi göçüp-gonýar we günorta tarap süýşýär. Sazakda, gandymda, gum gaýalarynda ýa-da dag etegindäki daşly gaýalarda, derýalaryň jülgelerinde höwürtge gurýar. Mart, käte fewralyň ortasynda 2-5, köplenç 3-4 sany goňur menekli kirliräk - ak ýumurtgalary goýýar, ölçegleri – 43-50 x 53-66 mm. Ýumurtgalaryny ýitiren ýagdaýlarynda, gaýtadan höwürtgeleýär. Apreliň aýagynda jüýjeleri çykýar, höwürtgede jüýjeleriň ululy-kiçili bolmagy mümkin. Maý aýynda jüýjeleri uçurym bolýarlar. Aglaba, gemrijiler, aýratyn-da, uly boz syçanlar we inçebarmak alakalar, şeýle-de süýrenijiler we maýda guşlar bilen iýmitlenýär.

Statusy: uly ýyrtyjy guşlaryň arasynda adaty guş, gemrijiler bilen iýmitlenip, olaryň sanyny kadalaşdyrýar.

садится на столбы, вышки, курганы. Молчалив, своеобразный протяжный клекот можно слышать в период размножения. Длина – 50-61, крыло самцов – 40.5-43.8, самок – 44.2-47.5 см, вес – 1-1.5 кг.

Сходства – различия: от канюка отличается более крупным размером и относительно длинным хвостом, и темным пятном на крыле.

Распространение: Северная Африка, Юго-Восточная Европа, Аравийский полуостров, Малая Азия, далее на востоке до Монголии и Индии. В Средней Азии распространен широко, отсутствует только в высокогорье. В Туркменистане встречается повсеместно – от пустынь до горных районов.

Образ жизни: оседлый вид, часть особей зимой кочует и может перемещаться к оазисам или отлетать южнее. Гнездится на саксауле, кандыме, на стенах и уступах глинистых или каменных обрывов в предгорьях и пустыне. Кладка из 2-5, чаще 3-4 грязно-белых, с бурыми пятнами, яиц в марте, иногда даже с середины февраля. Взамен утраченных кладок бывают повторные. Размеры яиц – 43-50 x 53-66 мм. Появление птенцов, обычно, в конце апреля, бывает значительная разница их возраста в одном гнезде. Вылет молодых – в мае. Питается, преимущественно, грызунами, особенно песчанками и сусликами, а также пресмыкающимися и мелкими птицами.

Статус: у нас самый обычный среди крупных хищных птиц, питаясь грызунами, способствует контролю их численности.



## 79. Tüýlek aýakly syçançy – *Buteo lagopus* – Зимняк

Meýdan alamatlary: syçançydan ulurak we açyk reňkli. Bedeniniň üsti goýy - goňur ýa-da açyk goňur, aşagy – agymtyl, döşi damjapisint garamtyl tegmilli. **Kellesi we ganatlarynyň aşagy açyk reňkli, ganatlarynyň bükülýän ýeri garamtyl tegmilli.** Guýrugynyň düýbi ak ýa-da ujy inli garamtyl zolakly bolup, tutuşlygyna ak, käte olaryň birnäçe insiz zolaklara bölünmegi mümkin. **Söbüginiň öň tarapy barmaklaryna çenli ýelek örtükli**, yz tarapy – uly teňňeler bilen ýapylan. Ýaşlary ulularyna garanyňda garamtyl. Uçup geçende we gyşlaýan döwri ümsüm. Uzynlygy - 49-50 sm, horazlarynyň ganaty – 38,5-44,5, mäkiýanlarynyňky – 42,5-48,6 sm, agramy – 850-1100 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: syçançydan ölçegleriniň ep-esli uludygy, reňkiniň akdygy, döşüniň we ganatlarynyň bükülen ýeriniň garamtyl zolaklydygy bilen tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän ýerleri – Ýewraziýanyň, Aziýanyň we Demirgazyk Amerikanyň tundra we tokaý tundra zolaklary. Şol materikleriň orta giňişliklerinde gyşlaýar.

Ýaşaýşy: Türkmenistanda gyşyna gabat gelýär, esasan, derýalaryň jülgelerinde we oazislerde. Esasan, maýda gemrijiler bilen iýmitlenýär.

Statusy: örän seýrek görnüş,ol baradaky islendik habarlar gymmatly ylmy maglumatdyr.

Полевые признаки: крупнее и светлее канюка. Верх тела темно-бурый или светло-бурый, низ довольно светлый, на груди темные каплевидные пятна. **Голова и нижняя часть крыла светлые, на изгибе крыла темное пятно**. Основание хвоста белое или весь белый с широкой темной полосой на вершине, иногда вершинная полоса разбита на несколько более узких полос. **Цевка спереди оперена почти до пальцев**, сзади покрыта крупными щитками. Молодые обычно темнее взрослых. Молчалив (вне брачного периода). Длина – 49-59, крыло самцов – 38.5-44.5, самок – 42.5-48.6 см, вес – 850-1100 г.

Сходства – различия: от канюка отличается несколько крупными размерами, более светлой окраской, темными пятнами на груди и изгибе крыла и темной полосой на конце хвоста. Зимующие в Туркменистане зимняки почти не отличимы от курганников светлого типа окраски.

Распространение: на гнездовье – тундра и лесотундра Европы, Азии и Северной Америки. На зимовках – в средних широтах тех же материков.

Образ жизни: в Туркменистане может встречаться осенью и зимой, больше по долинам рек и оазисам. Питается, в основном, мелкими грызунами.

Статус: очень редкий у нас вид, любая информация о встречах представляет научный интерес.

## 80. Uly garaguşjyk – *Aquila clanga* – Большой подорлик

Meýdan alamatlary: uly ýyrtyjy guş. **Bedeni goýy-goňur reňkli, göwresiniň üsti we aşagy gara diýen ýaly, guýrugynyň üsti agymtyl-çypar we söbügi ala.** Bu guşlar güýze ýakyn, aýratyn-da, üstki tarapy goňur reňki alýar. Ýaşlary garamtylrak, emma üstki we aşaky taraplarynda çypar dik tegmilleri bolmaýar. Howada oňat gaýýar, ýöne, köplenç ganatyny ýygy-ýygydan kakyp, ýokarlygyna seýrek uçýar. Ölçegleriniň uludy-gyna garamazdan, agaçlaryň ara-syndan çalasynlyk bilen uçýar. Sesi batly ýa-da sykylyklama - "kli-kli". Uzynlygy - 59-69, horazlarynyň ganaty – 49-53, mäkiýanlarynyňky – 52-56 sm, horazlarynyň agramy -1,6-2 kg, mäkiýanynyňky - 2,1-3,2 kg.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: beýleki bürgütlere (bürgüt, mazar garaguşy, sähra garaguşy) meňzeş, emma örän garamtyl reňkliligi we ölçegleriniň biraz kiçidigi bilen tapawutlanýar, ýöne gaýyp uçup ýören garagușjagazy sähra garaguşy ýa-da bilen garjaşdyrmaly däl.

Ýaýran ýerleri: Ýewraziýanyň tokaý zolagynda mekan tutýar, Azi-ýanyň günorta welaýatlarynda gyşlaýar. Orta Aziýada diňe Gazagystanda höwürtgeleýär, uçup geçende we gyşlaýan döwri giňişleýin ýaýraýar. Türkmenistanda - Hazar deňzinden Amyderýa çenli bolan aralykda gabat gelmegi mümkin.

Ýaşaýşy: uçup geçýän görnüş, käbir osblarynyň gyşlamagy ahmal. Ýazyna martyň aýagynda-aprelde, güýzüne – oktýabr-noýabrda uçup geçýär. Derýalaryň jülgelerinde saklanýarlar. Maýda we orta ölçegli süýdemdirijiler, guşlar, suwulganlar hem-de maslyk bilen iýmitlenýär.

Statusy: seýrek, az öwrenilen görnüş, MSOP-yň Gyzyl sahypasyna we Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen.

Полевые признаки: довольно крупный хищник. **Темно-бурый, почти черный сверху и снизу, с беловато-рыжеватым надхвостьем и пестринами на цевке**. К осени птицы становятся бурыми, особенно сверху. Молодые тоже темные, но с рыжими продольными пятнами сверху и снизу. Хорошо парит, но часто летит, используя машущий полет, редко поднимается высоко. Несмотря на крупные размеры, ловко летает среди деревьев. Голос – звонкое «кли-кли» или свистящие звуки. Длина – 59-69, крыло самцов – 49-53, самок – 52-56 см, вес самцов – 1.6-2, самок – 2.1-3.2 кг.

Сходства – различия: от других орлов (беркут, могильник, степной орел) отличается однородной, очень темной окраской и несколько меньшими размерами, однако, парящего большого подорлика, можно спутать со степным орлом.

Распространение: населяет лесную полосу Евразии, зимует в южных областях Азии. В Средней Азии гнездится только в Казахстане, на пролете и зимовке распространен гораздо шире. В Туркменистане может встречаться от Каспия до Амударьи.

Образ жизни: пролетный вид, возможна зимовка отдельных особей. Весенний пролет – в конце марта-апреле, осенний – в октябре-ноябре. На пролете держится, главным образом, по долинам рек. Питается мелкими и среднего размера млекопитающими, птицами, ящерицами, падалью.

Статус: редкий, малоизученный вид, включен в Красный список МСОП и Красную книгу Туркменистана.

## 81. Sähra garaguşy – *Aquila nipalensis* – Степной орел

Meýdan alamatlary: uly ýyrtyjy guş. **Reňki birmeňzeş goňur,** käte kellesi **çypar we guýrugynyň üsti açyk agymtyl** osoblary hem duşýar. Aşaky tarapy arkasyna garanyňda açyk reňkli. Könelen, ütülen ýelekleri solak-goňur. **Ýaşlary açyk-goňur, guýrugynyň üsti agymtyl we ganatlary ýygrylanda çypar zolakly**, guýrugynyň aşagy açyk-çypar reňkli. Gaty ýokardan gaýyp uçýar, işjeň uçuşdan seýrek peýdalanýar. Ümsüm. Uzynlygy – 62-74, horazlarynyň ganaty – 51-59, mäkiýanlarynyňky – 52,5-63,8 sm, agramy - 3 kg golaý.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: bürgütden we mazar garaguşyndan biraz göwresiniň kiçidigi we açyk birmeňzeş reňklidigi, uly garaguşjykdan – ölçegleriniň has uludygy bilen tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Ýewraziýanyň sähralyklarynda, Dunaý derýasynyň aşaky akymyndan Baýkal kölüniň ýakasyna çenli, günorta Kawkaza, Üstýurdyň demirgazyk bölegine çenli, Pamir-Altaý daglarynyň käbir ýerleri. Türkmenistanda uçup geçende hemme ýerde diýen ýaly duşýar. Alynky Aziýada, Hindistanda, Gundogar we günorta Afrikada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-gyşlaýan görnüş. Ýazyna martda - apreliň başynda, güýzine-sentýabr-oktýabrda

Полевые признаки: довольно крупный орел. **Окраска однотонно-бурая**, иногда встречаются особи **с рыжей головой и светлым надхвостьем**. Низ несколько светлее спины. Обношенное перо становится бледно-бурым. Молодые светло-коричневые, **со светлым надхвостьем и рыжими полосами на сложенных крыльях**, подхвостье светло-рыжее. Высоко парит, редко пользуется активным полетом. Молчалив. Длина – 62-74, крыло самцов – 51-59, самок – 52.5-63.8 см, вес – около 3 кг.

Сходства – различия: от беркута и могильника ненадежно отличается несколько меньшими размерами и более светлой однотонной окраской, от большого подорлика – более крупными размерами.

Распространение: степные районы Евразии от низовьев Дуная до Забайкалья, на юг до Кавказа, северной части Устюрта, местами в Памиро-Алае. В Туркменистане на пролете встречается почти повсеместно. Зимует в Передней Азии, Индии, в Восточной и Южной Африке.

Образ жизни: пролетный, зимующий вид. Весенний пролет – в марте-начале апреля, осенний – в сентябре-октябре и начале ноя-

we noýabryň başynda uçup geçýär. Möwsümleýin migrasiýa döwründe käbir ýerlerde (Amyderýa jülgesinde, Köpetdagyň eteklerinde, Etrek derýasynyň aşaky akymynda) topar bilup uçýar. Esasan, ýurdumyzyň günorta böleginde gyşlaýar. Gemrijiler (inçebarmak alaka, boz syçan), towşan, käte guşlar, süýrenijiler hem-de maslyk bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sanly, baş sany gemrijileriň ýagdaýyna baglylykda üýtgeýär, Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen.

бря. Во время сезонных миграций в некоторых местах (долина Амударьи, предгорья Копетдага, низовья Этрека и др.) летят в относительно больших стаях. Зимой, главным образом, в южной половине страны. Питается грызунами (суслики, песчанки), зайцами, иногда птицами, пресмыкающимися, падалью.

Статус: немногочисленный вид, численность подвержена колебанию, обуславливаемому состоянием грызунов. Включен в Красную книгу Туркменистана.

### 82. Mazar garaguşy – *Aquila heliaca* – Могильник

Meýdan alamaty: ganatlary inli we guýrugy gysgarak, uly guş. Reňki goýy-goňur, **kellesi we boýnunyň yzy açyk-çypar reňkli, eginleri uly ak tegmilli**. Ýaşlary göňurrak-mele, bili agymtyl we eginleri ak tegmilsiz, garyn tarapy çyparrak, dik garamtyl meneklenen we zolakly. Gaýyp, seýrek ganatlaryny kakyp, haýal uçýar. Sesi itiň üýrüşine çalym edýär - “týaf-týaf”. Uzynlygy - 70-83, horazlarynyň ganaty – 54-61,5, mäkiýanlaryňky – 57-66,5 sm, agramy - 3 kg golaý.

Meňzeşligi-tapawutlary: guýrugy gysgarak bürgütden ýa-da sähra garaguşdan uçup ýören wagty tapawutlandyrmak kyn. Oturan uly guşuň “telpejigi” agymtyl (bürgüdinki pos reňkli) we egninleri ak tegmilli.

Ýaýran ýerleri: Ýewropanyň günorta-gündogar bölegi, gündogara Baýkal kölüne çenli, günorta Alynky Aziýadan Hindistana çenli. Orta Aziýanyň köp ýerlerine ýaýran, Türkmenistanda azu-köp hemme ýerde gabat gelmegi mümkin. Orta, Alynky we Günorta Aziýada we Afrikanyň demirgazyk-gündogarynda gyşlaýar.

Полевые признаки: крупный орел с широкими крыльями и относительно коротким хвостом. Окраска темно-бурая, **голова и зашеек светло-рыжие, на плечах заметные белые пятна**. Молодые коричневато-бурые, со светлой поясницей и без белых пятен на плечах, брюшная сторона рыжеватая с темными продольными пятнами и полосами. Полет парящий, медленный, с редкими взмахами крыльев. Голос – похож на лай «тьяф-тьяф». Длина – 70-83, крыло самцов – 54-61.5, самок – 57-66.5 см, вес – около 3 кг.

Сходства – различия: в полете трудно отличим от беркута или степного орла, хвост кажется коротким. Сидящая взрослая птица отличается светлой «шапочкой» (у беркута ржавчатого цвета) и белыми пятнами на плечах.

Распространение: юго-восточная часть Европы, на восток до Байкала, на юге от Передней Азии до Индии. В Средней Азии распространен во многих местах, в Туркменистане может быть встречен, более или менее, повсеместно. Зимует в Средней, Передней и Южной Азии, на северо-востоке Африки.



Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän we gyşlaýan görnüş. Ýazyna mart-aprelde, güýzüne – oktýabr-noýabrda, aýratyn-da, ýurduň günorta - günbataryndan uçup geçýär. Höwürtgelän döwründe derýalaryň jeňňelli ýerlerinde, uçup geçýän we gyşlaýan wagty giňişleýin duşýar. Derýalaryň jülgelerindäki uly agaçlarda höwürtge gurýar, aprelde 2-3 sany goňur menekli ak ýumurtgalary goýýar, ölçegleri - 53-62 x 69-79 mm. Uly gemrijiler we guşlar, towşanlar bilen iýmitlenýär, maslyklary işdämen iýýär.

Statusy: sany azalýan görnüş, MSOP-yň Gyzyl tagtasynyň sanawuna, Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen.

Образ жизни: пролетный, гнездящийся и зимующий вид. Весенний пролет отмечается в марте-апреле, осенью – в октябре-ноябре, особенно на юго-западе страны. Предпочитаемые места обитания: в гнездовое время – речные долины с тугайной растительностью, а в период пролета и зимой встречается шире. Гнезда устраивает на крупных деревьях в долинах рек. Кладка в апреле, из 2-3 белых с коричневатыми пятнами яиц, размеры – 53-62 х 69-79 мм. Питается крупными грызунами и птицами, зайцами, охотно кормится и падалью.

Статус: сокращающийся в численности вид, включен в Красный список МСОП и Красную книгу Туркменистана.

### 83. Bürgüt – *Aquila chrysaetos* – Беркут

Meýdan alamaty: **ganatlary insizräk we guýrugy başgalara görä uzynrak** bolan bizdäki garaguşlaryň arasynda iň ulusy. Umumy reňki goýy-goňur, **ýeňsesindäki uzalan ýelekleri poslurak ýa-da goýy-çypar reňkli**. Garyn tarapy arkasyna görä ýagtyrak, guýrugy agymtyl, guýrugynyň aşagy çyparrak. Oturan guşuň göwresine ganatlary doly gysylman, sähelçe gapdalda durýar. Ýaşlary – gara-goňur, **guýrugy ak, guýrugynyň ujunda gara zolak bolýar, ganatlarynyň aşagy ak tegmilli**. Sesi gödek, inçeräk pert üýrmä çalymdaş - “kýek-kýek-kýek”. Uzynlygy - 80-93, horazlarynyň ganaty–59,5-68, mäkiýanlarynyňky– 65-

Полевые признаки: наиболее крупный среди наших орлов, с относительно **узкими крыльями и сравнительно длинным хвостом**. Общая окраска темно-бурая, **на затылке удлиненные перья ржавого или густо-рыжего цвета**. Брюшная сторона светлее спины, хвост беловатый, подхвостье рыжеватое. У сидящей птицы сложенные крылья не прилегают к туловищу, а слегка расставлены в стороны. Молодые – черно-бурые, **хвост белый с черной полосой на конце, белые пятна снизу на крыльях**. Голос – грубое «кьек-кьек-кьек», похожее на резкий утонченный лай. Длина – 80-93, крыло самцов –

74 sm, horazlarynyň agramy - 2,8-4,1, mäkiýanlarynyňky –3,8-6,3 kg.

Meňzeşligi-tapawutlary: bürgütleriň ýaşlary (3-4 ýaşyna çenli) ak guýrugynyň ujundaky gara zolagy we ganatynyň aşagyndaky uly ak tegmilleri bilen anyk tapawutlanýar. Uly guşlaryň guýrugynyň düýbüniň agymtyldygy, ganatlarynyň insizräkdigi we güýçli ösen dyrnaklary bilen tapawutlanýar. Uzak aralykdan mazar ýa-da sähra garaguşlary bilen garjaşdyrmak mümkin.

Ýaýran ýerleri: Ýewraziýa-atlantikanyň kenarýakasyndan Sahalina we Gimalaý daglaryna çenli, Demirgazyk Afrika we Demirgazyk Amerika. Orta Aziýada giňişleýin höwürtgeleýär. Türkmenistanda-Garabogaz ýakasy, Uly we Kiçi Balkanda, tutuş Köpetdagda, Bathyzda, Köýtendagda, Garagumuň käbir ýerinde.

Ýaşaýşy: oturymly guş. Ýylyň sowuk döwri olaryň bir topary dikligine migrasiýa geçirýär. Jübütligi durnukly. Şol bir ýeri köp ýyllap eýeleýär, hatda iýmit gory az bolan ýyllary hem guşlar köpelmān, höwürtgeleýän ýerlerinde galýarlar. Dagda-kert gaýalaryň erňeklerinde we arça agaçlarynda, çölde – çulbalarda, harabalaryň diwarlarynda, sazakda, sözende höwürtge gurýar. Fewralda jübütleşýār we onuň soňky senelerinde – martyň başynda 2, käte 3 sany goňurrak menekli, kirlirāk-ak ýumurtgalary goýýar, ölçegleri - 56-64 x 70-80 mm. Aprelde jüýjeleýär (ýaşynyň 70-nji günlerinde höwürtgeden uçup gidýär). Gemrijiler, pyşdyllar, kirpiler, towşanlar, tilkiler, kābir guşlar, şeýle-de maslyklar bilen iýmitlenýär.

59.5-68, самок – 65-74 см, вес у самцов – 2.8-4.1, у самок – 3.8-6.3 кг.

Сходства – различия: молодые беркуты (до 3-4-х лет) легко отличаются белым хвостом с черной полосой на конце и крупными белыми пятнами на нижней стороне крыльев. У взрослых птиц светлое основание хвоста, относительно узкие крылья и очень сильные когти. На расстоянии можно спутать с могильником или степным орлом.

Распространение: в Евразии – от атлантического побережья до Сахалина и Гималаев, Северная Африка и Северная Америка. В Средней Азии гнездится повсеместно, а в Туркменистане от Прикарабогазья, Больших и Малых Балханов по всему Копетдагу, в Бадхызе, Койтендаге, неравномерно в Каракумах.

Образ жизни: оседлая птица. Часть особей совершает вертикальные миграции в холодное время года. Пары постоянные. Одни и те же гнездовые участки занимают по много лет, даже при ухудшении кормовых условий, не размножаясь, остаются в районе гнездования. Гнезда: в горах – по обрывам скал и на арче, в пустыне – на останцах, стенах развалин, на саксауле. Спаривание в феврале. Кладка из 2, реже 3 яиц грязно-белых с буроватыми пятнами, в конце февраля-начале марта. Размеры яиц – 56-64 х 70-80 мм. Птенцы появляются в апреле (гнезда покидают в 70-дневном возрасте). Питается грызунами, черепахами, ежами, зайцами, лисами, некоторыми птицами, а также падалью.

Статус: сокращающийся в численности вид, включен в Красную



Statusy: sany azalýan görnüş, Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen. Tutmak gadagan. Gadymda elguşçylar, bürgütler bilen towşanlary, tilkileri awlapdyrlar, emma bizde bürgütli aw etmek soňky ýyllarda ulanylmaýar.

книгу Туркменистана. Отлов запрещен. В прошлом охотились с беркутом на зайцев, лисиц, однако, в последнее время охота с беркутом у нас не практикуется.

### 84. Göýdük garaguş – *Hieraaetus pennatus* – Орел-карлик

Meýdan alamatlary: garaguşlaryň arasynda iň maýdasy, çaýkelden kiçi ölçegli guş. Olaryň garamtyl we açyk reňklileri hem duşýar. Garamtyl guşlar – **tüsse ýokudyly melemtil-goňur reňkli, guýrugy goýy-goňur çala görünýän garamtyl zolakly.** Ýagty reňkli guşlaryň **arka tarapy goňur, garny poslyrak-agymtyl, guýrugy agymtyl zolaksyz.** Ýaşlary reňkleri boýunça uly guşlardan tapawutlanmaýar, emma, olary ýelek öwüşgininiň has tekizdigi we ýagtydygy bilen tanap bolýar. Sesi – garaguşlara mahsus wak-wakyly ýa-da ýygy-ýygydan gaýtalanýan- “ki-ki-ki” ýa-da “kli-kli-kli” soňra “pi-pi-pik” görnüşlerde ses çykaryp geçip gidýär. Uzynlygy - 42-51, horazlarynyň ganaty – 34,7-39,5, mäkiýanlarynyňky – 35,0-43,5 sm. Horazlarynyň agramy 510-750, mäkiýanlaryňky – 840-900 g.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: garaguşlaryň beýleki görnüşlerinden maýdalygy, ýylançy gyrgydan we gyrgypisint garaguşdan – guýrugynyň bir reňklidigi bilen tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Günorta Ýewropa, Afrikada, Alynky we Orta Aziýa, gündogara Baýkal kölüniň ýakasyna çenli, Täze Gwineýa we Awstraliýanyň günorta bölegi. Ýewraziýada ýaýran guşlar Afrikada, Hindistanda gyşlaýarlar. Türkmenistanyň daglarynda - Uly Balkandan we Günbatar Köpet-

Полевые признаки: самый маленький среди орлов, по размерам меньше коршуна. Встречаются птицы темного и светлого окраса. Темные птицы – **коричневато-бурые с дымчатым налетом, хвост темно-бурый с едва заметными темными полосами**. У светлых птиц **спинная сторона бурая, брюшная рыжевато-беловатая, хвост светлый без полос**. Молодые по окраске почти не отличаются от старых птиц, но их можно опознать по более ровным и ярким тонам оперения. Голос – типичный орлиный клекот или часто повторяющиеся «ки-ки-ки» или «кли-кли-кли», переходящие в «пи-пи-пик». Длина – 42-51, крыло самцов – 34.7-39.5, самок – 35-43.5 см, вес у самцов – 510-750, у самок – 840-900 г.

Сходства – различия: от других орлов отличается явно меньшими размерами, от змееяда и ястребиного орла – почти одноцветным хвостом.

Распространение: Южная Европа, Африка, Передняя и Средняя Азия, на восток до Прибайкалья, Новая Гвинея и южные части Австралии. Птицы, населяющие Евразию, зимуют в Африке, Индии. В Туркменистане распространен в горных районах от Больших Балханов и Западного Копетдага до Кой-

dagdan Köýtendaga çenli, şeýle-de Amyderýanyň, Murgap we Tejen derýalarynyň jülgeleri.

Ýaşaýşy: höwürtgeleýär, uçup geçýär, bir böleginiň oturymly bolmagy mümkin. Ýazyna aprelde, käbiri martda uçup gelýär, güýzüne - sentýabr-oktýabrda uçup geçýär. Dagdaky ýaprakly arça tokaýlyklarda, düzlükde-derýalaryň jeňňelli jülgelerinde mekan tutýar, agaçlaryň üstünde, ýerden 4 m ýokarda höwürtge gurýar, 1-2, käte 3 sany ýumurtga goýýar, ölçegleri - 43-45 x 54-56 mm. Maý aýynda jüýjeleýär, iýulda – olar uçurym bolýarlar. Gögerçinler, käkilikler, ördekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sanly, tutmak gadagan.

тендага, а также по речным долинам Амударьи, Мургаба и Теджена.

Образ жизни: пролетает, гнездится, возможно, часть особей живет оседло. Весной появляется в апреле, отдельные птицы могут отмечаться и в марте, осенний пролет – в сентябре-октябре. В горах населяет как лиственные, так и арчевые леса, на равнине – тугаи в речных долинах. Гнезда устраивает на деревьях, на высоте около 4 м от земли. Кладка из 1-2, иногда 3 яиц, размеры – 43-45 х 54-56 мм. Птенцы, разновозрастные, появляются в мае, покидают гнезда в июле. Питается, в основном, птицами – голубями, кекликами, утками и др.

Статус: малочислен, отлов запрещен.

### 85. Gyrgypisint garaguş – *Hieraaetus fasciatus* – Ястребиный орел

Meýdan alamatlary: **ýygnalan ganatlaryndan çykyp duran uzyn guýrukly,** orta ölçegdäki garaguş. **Üstki tarapy goýy-goňur, aşagy ak garamtyl dik tegmilli “balagy” we guýrugynyň aşagy ala**, çal guýrugy garamtyl kese zolakly, onuň ujundaky zolak has garamtyl we inli. Onuň ýaşlary ýagty tegmilli ýa-da kellesindäki ýelekleriň uçlary gaýmaly, aşagy çypar ýa-da çyparrak-goňur, guýrugy garamtyl insiz zolakly. Çalt, ýöne seýrek gaýyp uçýar. Uzynlygy - 55-65, horazlarynyň ganaty – 46-49, mäkiýanlarynyňky – 49,0-52.5 sm, agramy – 1,5-2,5 kg.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: ölçegleri: göýdük garaguşdan has uludygy we guýrugynyň zolaklydygy; ýylançy gyrgydan ganatlarynyň aşagynyň garamtyldygy; balykçy bürgütden ganatlarynyň bükülýän ýerinde gara tegmilleriň ýokdygy bilen tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Günorta Ýewropa, Ortaýer deňziniň adalary bilen bilelikde, Afrika, Kiçi Aziýadan, Arabystandan Koreýa çenli. Orta Aziýada beýik bolmadyk dag çöllerinde ýaýran. Türkmenistanda - Köpetdagda, Bathyzda we Köýtendagda gabat gelýär.

Ýaşaýşy: oturymly görnüş, arealynda höwürtgeleýän böleginden daşarda “sallah” guşlar gonup-göçýär. Ýaşamaga daglaryň eteklerinde beýik bolmadyk, çölleşen giňişlikleri saýlap alýar. Olaryň jübütligi durnukly. Gum gaýalarynda, käte agaçlaryň üstünde höwürtge gurýar, fewral aýynda 1-2, käte 3 sany goňur menekli ak ýumurtgalary goýýar, ölçegleri - 51-57 x 65-71 mm. Iýunyň başyna jüýjeleri çykýar. Esasan, orta ölçegdäki guşlar (käkilikler, kepderiler), şeýle-de maýda süýdemdirijiler, süýrenijiler, ýerde-suwda ýaşaýanlar bilen iýmitlenýär.

Statusy: seýrek görnüş, Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen. Sünt-Hasardag döwlet goraghanasynda bar bolan guşlarynyň täsin wekilleriniň biri.

Полевые признаки: среднего размера орел **с длинным хвостом, который выходит за концы сложенных крыльев**. Окраска контрастная: **верх темно-бурый, низ белый с продольными темными пестринами, «штаны» и подхвостье полосатые**, хвост серый с поперечными темными полосами, а на конце широкая, более темная полоса. Молодые птицы со светлыми пятнами или каемками на вершинах перьев головы, низ рыжий или рыже-бурый, хвост без широкой темной полосы. Полет быстрый, парит редко. Длина – 55-65, крыло самцов – 46-49, самок – 49-52.5 см, вес – 1.5-2.5 кг.

Сходства – различия: хорошо отличается от других орлов схожих размеров контрастной окраской, от орла-карлика – более крупными размерами и полосой на хвосте, от змееяда – темным низом крыльев, от скопы – отсутствием темных пятен на изгибе крыльев.

Распространение: Южная Европа, включая острова Средиземного моря, Африка, от Малой Азии и Аравии почти до Кореи. В Средней Азии населяет невысокие горы. В Туркменистане распространен в Копетдаге, Бадхызе и Койтендаге.

Образ жизни: оседлый вид, холостые птицы кочуют за пределы гнездовой части ареала. Основные места обитания приурочены к невысоким опустыненным горам и предгорьям. Пары постоянны. Гнезда, в основном, на скалах, иногда – на деревьях. Кладка в феврале из 1-2, редко 3 белых, с буроватыми крапинками яиц, размеры – 51-57 х 65-71 мм. Птенцы появляются с начала июня. Питается, в основном, птицами средних размеров (кеклики, голуби), а также мелкими млекопитающими, рептилиями, земноводными.

Статус: редкий вид, включен в Красную книгу Туркменистана. Добыча запрещена. Один из наиболее интересных представителей птиц горных заповедников Туркменистана.

### Laçynlar – *Falconidae* – Соколиные

Kellesi uly, ganatlary uzyndan ýiti uçly (ujunda ýelekleriniň arasy açylmaýar) we insiz guýrukly orta we maýda ölçegli ýyrtyjy guşlar maşgalasy. Gözleri uly, gözleriniň töweregindäki ýalaňaç deri halkasy garamtyl. Aýaklary gysga we ýelek örtüksiz. Dürli landşaftlarda

Семейство хищных птиц. Полевые признаки – размеры средние и мелкие, с относительно крупной головой, длинными острыми крыльями (не растопыренными перьями на концах) и узким хвостом. Глаза относительно крупные, темные, с кольцом голой кожи вокруг глаз.

mekan tutýar, emma açyk giňişlikli landşaftlary halaýar. Adatça, özleri höwürtge gurmaýar, beýleki ýyrtyjy guşlaryň ýa-da gargalaryň köne höwürtgelerini eýeleýär. Dag gaýalarynyň erňeklerinde, uçutlarda jaýlaşýarlar. Işjeň ýyrtyjylar, howada okgunly, gaýman uçýarlar. Haýwan iýmiti bilen iýmitlenýärler, onda-da pidasyny howada ýa-da ýerde tutup iýýär. Görnüşleriň käbirleri örän oňat eldekileşýär we aw etmek üçin ulanylýar.

Лапы короткие, не оперенные. Населяют разнообразные ландшафты, но в большей мере открытые. Сами обычно гнезд не строят, а занимают старые гнезда других хищных, или врановых птиц. Селятся на выступах чинков и скальных обрывов. Активные хищники, полет стремительный, без парения. Питаются животной пищей, причем живой добычей, которую ловят в воздухе или на земле. Некоторые виды прекрасно приручаются и используются для соколиной охоты. Всего 58, у нас в стране - 9 видов.

### 86. Sähra göwenegi – *Falco naumanni* – Степная пустельга

Meýdan alamatlary: beden gurluşy gelşkli maýda laçyn (kepderiden kiçi). Ýaşy ýeten **horazynyň kellesi, guýrugy we guýrugynyň üsti gögümtil, arkasy meneksiz açyk-çypar, guýrugynyň aşagy açyk reňkli we ujy kese geçýän gara zolakly.** “Murty” çala bildirýär, dyrnaklary ak. Mäkiýany we ýaşlary garamtyl kese zolakly açyk-çypar reňkli, döşi we böwürleri öçügsi çypar, döşi dik zolakly. Sesi sogdurylan - “kli-kli-kli”. Uzynlygy - 27-33, ganaty – 22.3-25.0 sm, horazlarynyň agramy – 132-172, mäkiýanlarynyňky – 153-201 g.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: göwenekden meýdan şertinde tapawutlandyrmak kyn, esasy tapawudy – sähra göweneginiň **arka tarapy meneksiz has açyk reňkli.**

Ýaýran ýerleri: Demirgazyk-Günbatar Afrika, Ýewropanyň günortasy, Kiçi, Alynky, Orta we Merkezi Aziýa. Orta Aziýanyň hemme ýerlerinde höwürtgeleýär. Türkmenistanda-Hazar deňziniň kenaryndan we Etrek derýasynyň aşaky akymyndan Amyderýa jülgesine we Köýtendaga çenli giň ýaýran. Afrikada, Arabystanda, Günorta Aziýada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: höwürtgeleýär, uçup geçýär, käbirleri gyşlaýar. Ýazyna martyň aýagyndan apreliň birinji ýarymynda, güýzüne – sentýabr - oktýabrda uçup geçýär. Uçup geçýän döwründe köplenç derýalaryň jülgelerinde saklanýar, dag eteklerinde duşýar. Kiçiräk topar (koloniýa), käte jübüt bolup, dagda we dagetek düzlüklerde, derýalaryň gum gaýalarynda, harabalyklarda höwürtgeleýär. Apreliň aýagynda we maýyň birinji ýarymynda 3 - 5 sany gyzylymtyl-goňur menekli ýumurtgalary goýýar, ölçegleri - 25-31 x 34-39 mm. Iýunyň soňunda – iýulyň başynda jüýjeleri uçurym bolýar. Höwürtgeleýän ýerleri durnuksyz. Mör-möjekler, seýrek suwulganlar, maýda gemrijiler we guşlar bilen iýmitlenýär.

Statusy: seýrek görnüş. MSOP-yň Gyzyl sahypasyna we Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen.

Полевые признаки: мелкий сокол (мельче голубя) со стройным телосложением. У взрослого самца **голова, надхвостье и хвост сизые, спина ярко-рыжая без пестрин, хвост – снизу светлый и на конце с черной поперечной полосой**. «Усы» почти незаметны, **когти белые**. Самки и молодые светло-рыжие с темными поперечными полосами, грудь и бока бледно-рыжие, на груди продольные полоски. Голос – протяжное «кли-кли-кли». Длина – 27-33, крыло – 22.3-25 см, вес самцов – 132-172, самок – 153-201 г.

Сходства – отличия: в полевых условиях трудно отличима от обыкновенной пустельги, основное отличие – у самца степной пустельги **спинная сторона** более яркой окраски **без пестрин**.

Распространение: Северо-Западная Африка, юг Европы, Малая, Передняя, Средняя и Центральная Азия. В Средней Азии гнездится почти повсеместно. В Туркменистане распространена широко – от побережья Каспия и низовьев Этрека до долины Амударьи и Койтендага. Зимует в Африке, на Аравийском полуострове, в Южной Азии.

Образ жизни: гнездится, пролетает, отдельные особи зимуют. Весенний пролет – в конце марта-первой половине апреля, осенью – в сентябре-октябре. На пролете больше придерживается долин рек, встречается в предгорьях. Гнездится небольшими колониями, иногда отдельными парами в пустыне, горах и предгорьях, речных обрывах, на развалинах. Кладка состоит из 3-5 яиц, покрытых красновато-бурыми пятнами, гнездование в конце апреля-первой половине мая. Размеры яиц – 25-31 x 34-39 мм. Птенцы покидают гнезда в конце июня-начале июля. Гнездовые участки непостоянны. Питается насекомыми, реже ящерицами, мелкими грызунами и птицами.

Статус: редкий вид. Включен в Красный список МСОП и Красную книгу Туркменистана.

### 87. Göwenek – *Falco tinnuculus* – Обыкновенная пустельга

Meýdan alamatlary: ganatlary inli we guýrugy uzyn, başgalara garanyňda maýda laçyn. Ýaşy ýeten horazynyň **üsti süýri tegmillenen gyzylymtyl - goňur, kellesi külreňk-gögümtil, guýrugynyň üsti we guýrugy gögümtil**, aşagy öçügsi- çypar, goňur damja tegmilli, çala görünýän “murty” goňurrak-çal, **dyrnaklary gara.** Mäkiýanynyň üsti, kellesi, arkasy we guýrugy dik kese zolakly çyparrak. Aşaky tarapy goňur tegmilli öçügsi çypar reňkli. Ýaşlary uly mäkiýana çalymdaş, emma

Полевые признаки: мелкий сокол с относительно широкими крыльями и длинным хвостом. У взрослого самца **верх красновато-коричневый с округлыми пестринами, голова пепельно-сизая, надхвостье и хвост сизые**, бледно-рыжеватый низ в буроватых каплевидных пестринах, буровато-серые «усы» мало заметны, **когти черные**. Самка сверху рыжеватая, на голове продольные, на спине и хвосте поперечные полосы. Низ бледно-рыжий с буры-

aşagynyň tegmilleri has inli we gür. Sesi batly - "kli-kli-kli". Aw edişi özboluşly, iýmit gözlände aýlanyp uçýär we soňra ganatlaryny çalt-çaltdan kakyp, howada asyl-asyl bolup durýar. Uzynlygy-31-37, horazlarynyň ganaty – 23.0-25.3, mäkiýanlarynyňky – 24.2-27.5 sm, horazlarynyň agramy – 159-200, mäkiýanlaryňky – 190-280 g.

<u>Meňzeşlikleri–tapawutlary:</u> sähra göweneginden ölçegleriniň sähelçe uludygy, dyrnaklarynyň garadygy, şeýle-de horazy tegmilli arkasy bilen tapawutlanýar. Göwenegi, aglaba, kiçi gyrgy diýip nädogry atlandyrýarlar, olaryň reňkleriniň hiç hili umumylygy ýok.

<u>Ýaýran ýerleri:</u> arealynda höwürtgeleýän bölegi – Ýewraziýanyň, demirgazyk welaýatlaryndan başgalarynda, Afrika. Orta Aziýada, şol sanda Türkmenistanda giňişleýin ýaýran. Alynky Aziýada, Orta Aziýanyň günortasynda, Günorta Hindistanyň demirgazygynda we Günorta-Gündogar Aziýada, Merkezi we Demirgazyk Afrikada gyşlaýar.

<u>Ýaşaýşy:</u> höwürtgeleýär, uçup geçýär we gyşlaýar, bir bölegi oturymly ýaşaýar. Ýazyna mart - aprelde, güýzine – sentýabr-oktýabrda uçup geçýär. Daglarda, derýa jülgelerinde, ekerançylyk, çöllük ýerlerde höwürtgeleýär, köplenç, höwürtgesi agaçlaryň üstünde. Martyň aýagyndan maýyň başyna çenli 3-7 sany possyrak-goňur menekli çypar reňkli ýumurtgalary goýýar, ölçegleri - 29-33 x 36-42 mm. Gaýtadan ýumurtga goýmaklary hem mümkin. Apreliň aýagynda sütük ýelekli jüýjeleri çykýar, emma daglarda gijiräk bolmagy hem ahmal. Maý aýynyň soňunda we iýunyň başynda jüýjeleri uçurym bolýar. Gemrijiler, dürli mör-möjekler, suwulganlar, maýda guşlar bilen iýmitlenýär.

<u>Statusy:</u> bizde adaty laçynlaryň biri, gemrijiler bilen iýmitlenip, olaryň sanyny kadada saklaýar.

ми пятнами. Молодые похожи на взрослую самку, но пестрины снизу более широкие и густые. Голос – звонкое «кли-кли-кли». Характерен своеобразный полет при охоте – летает кругами и затем повисает в воздухе, мелко вибрирует крыльями, как бы трясется. Длина – 31-37, крыло самцов – 23.0-25.3, самок – 24.2-27.5 см, вес у самцов – 159-200, у самок – 190-280 г.

<u>Сходства – отличия</u>: от степной пустельги отличается несколько крупным размерами и черными когтями, самцы также пятнистым верхом. Многие неправильно называют пустельгу кобчиком, хотя в окраске между ними нет ничего общего.

<u>Распространение</u>: гнездовая часть ареала – Евразия, за исключением северных областей, Африка. В Средней Азии, в том числе и в Туркменистане, распространена повсеместно. Зимовки в Передней и на юге Средней Азии, в Южной (север Индостана) и Юго-Восточной Азии, Центральной и Северной Африке.

<u>Образ жизни</u>: гнездится, пролетает и зимует, часть особей живет оседло. Весенний пролет – в марте-апреле, осенний – в сентябре-октябре. Гнездится в горах, по долинам рек, в сельскохозяйственном и пустынном ландшафте, гнезда чаще на деревьях. Кладки из 3-7 яиц, рыжеватого цвета с ржаво-коричневыми пятнами, гнездование с конца марта до начала мая. Размеры яиц – 29-33 x 36-42 мм. Бывают повторные кладки. Пуховые птенцы появляются в конце апреля, хотя в горах, возможно, позднее. Вылет птенцов, соответственно, в конце мая или в начале июня. Питается грызунами, различными насекомыми, ящерицами, мелкими птицами.

<u>Статус</u>: у нас один из наиболее обычных соколов, питаясь грызунами, способствует контролю их численности.



---

**88**. *Bellik*: **Kiçi gyrgy - *Falco vespertinus*** - tötänden uçup geçýän, örän seýrek görnüş. Garabogaz kenarynda (1938 ý.) we merkezi Kopetdagda, Guryhowdanda (1986 ý.) gabat geldi. Horazy beýleki maýda laçynlardan üstki tarapynyň goýy-çal reňklidigi, mäkiýany – kepderiçi laçyndan kellesiniň çyparlygy we guýrugynyň gyrasynda zolagyň ýokdygy bilen tapawutlanýar.

**88**. *Примечание:* ***Falco vespertinus* - Кобчик.** Очень редкий, залетный вид. Встречался у Карабогазгола (1938 г.) и в Центральном Копетдаге, в урочище Гурыховдан (1986 г.). Самец отличается от других мелких соколов характерным темно-серым окрасом верха; самка от дербника отличается рыжей головой и отсутствием полосы по краю хвоста.

### 89. Kepderiçi laçyn – *Falco columbarius* – Дербник

<u>Meýdan alamatlary:</u> ganatlary gysga, maýda laçyn. Horazynyň üsti **goňurrak-gök, boýnunyň yzy çyparrak tegmilli**, guýrugy gök, uç tarapy zolakly, **aşagy dik öçügsi-çyparrak tegmilli.** Mäkiýanynyň üstki tarapy gögümtil ýokundyly **goňur, aşagyndan–döşi açyk çypar reňkde dik goňur we garyn tarapy damjaşekilli garamtyl tegmilli.** Ýaş guşlary mäkiýana çalymdaş – goýy-goňur reňkli, olardan mawumtyl "mumjygy" bilen (mäkiýanynda sary) tapawutlanýar. Sesi laçynyňky ýaly pert we batly - "ke-e, ke-e, ke-e" ýa-da "ki-ki-ki". Uzynlygy – 26-33, horazlarynyň ganaty – 18.4-23.5, mäkiýanlarynyňky – 20.1-25.8 sm, horazlarynyň agramy – 163-215, mäkiýanlarynyňky – 162-300 g.

<u>Полевые признаки</u>: мелкий сокол с относительно короткими крыльями. Самец сверху **буровато-сизый с рыжими пятнами на зашейке**, хвост сизый с черной полосой на вершине, низ **беловато-рыжеватый с продольными пестринами**. Самка сверху бурая с сизым налетом, снизу **светло-рыжая с бурыми продольными пятнами на груди и темными каплевидными – на брюхе**. Темно-бурые молодые птицы похожи на самок, от которых отличаются голубоватой восковицей (у самок – желтая). Голос – обычное отрывистое соколиное – «ке-е, ке-е, ке-е» или «ки-ки-ки». Длина – 26-33, крыло у самцов – 18.4-23.5, у самок – 20.1-25.8 см, вес самцов – 163-215,




**Ýyrtyjy guşlaryň uçup barýarka görnüşi**: 1 – turlutaý; 2 – göwenek (horazy); 3 - göwenek (mäkiýany); 4 – kepderiçi laçyn; 5 – laçyn; 6 – kiçi gyrgy ; 7 - kiçi gyrgy (mäkiýany); 8 – sähra göwenegi; 9 – bedeneçi gyrgy.

**Хищные птицы в полете**: 1 - чеглок; 2 - обыкновенная пустельга (самец); 3 - обыкновенная пустельга (самка); 4 - дербник; 5 - сапсан; 6 - кобчик (самец); 7 - кобчик (самка); 8 - степная пустельга; 9 - перепелятник.



Meňzeşlikleri–tapawutlary: horazy howada uçanda gara “murtunyň” ýokdugy we “balagynyň” çypardygy, mäkiýany – arkasynyň we kellesiniň reňkiniň meňzeşdigi bilen kiçi laçyndan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Ýewraziýanyň we Amerikanyň demirgazyk zolagy. Arealynda höwürtgeleýän bölegi demirgazyk tokaýly tundra bilen araçäkleşýär, günortasynda Merkezi Gazagystanda we Týan-Şan daglaryna çenli ýetýär. Günorta Aziýada, Afrikada gyşlaýar. Türkmenistanda – günorta araçäkden Tejen jülgelerine çenli, onuň gündogara süýşmegi hem mümkin.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-gyşlaýan görnüş. Güýzüne oktýabrda uçup gelýär, ýazyna – martda uçup gidýär. Kepderiçi laçyn tundranyň, tokaýly tundranyň we sähra giňişlikleriň ýaşaýjysy, ol gyşlaýan wagty we uçup geçende, suw ýataklarynyň golaýynda saklanýar. Maýda guşlar – torgaýlar, atjagazlardyr, sarlar bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sanly görnüş, aýratynda, ýurduň gündogar böleginde, Tytmak gadagan.

самок – 216-300 г.

Сходства – отличия: самец в полете от чеглока отличается отсутствием черных «усов», и рыжих «штанов», самка – одноцветной со спиной головой.

Распространение: северная полоса Евразии и Америки. На севере гнездовая часть ареала граничит с лесотундрой, на юге доходит до Центрального Казахстана и Тянь-Шаня. Зимует в Южной Азии, Африке. В Туркменистане распространен, главным образом, от западных границ до долины Теджена, возможно и восточнее.

Образ жизни: пролетный, зимующий вид. Осенью появляется в октябре, отлетает в марте. Как обитатель тундры, лесотундры и степи, дербник на зимовке и пролете держится на открытых пространствах, в долинах рек, у водоемов. Питается, в основном, мелкими птицами – жаворонками, коньками, скворцами.

Статус: немногочисленный, особенно в восточной части страны, вид. Отлов запрещен.

### 90. Turlutaý – *Falco subbuteo* – Чеглок

Meýdan alamatlary: ganatlary uzyn we guýrugy başgalara garanyňda, gysga, kiçirăk laçyn. Arka tarapy goňurrak-gök, kellesi biraz garamtyl, bokurdagy we “duluklary” ak, **gara “murty” inli**, aşagy – açyk reňkli, dik tegmilli. **Guýrugynyň aşagy we “balagy” çypar reňkli.** Ýaşlarynyň reňki tutuk, çyparrak ýokundyly, ol arkasynda teňňeşekilli nagyşlary döredýär. Sesi laçynlara

Полевые признаки: небольшой сокол с длинными крыльями и относительно коротким хвостом. Спинная сторона буровато-сизая, голова несколько темнее, горло и «щеки» белые, **широкие «усы» черные**, низ светлый, с продольными пестринами. **Подхвостье и «штаны» рыжие**. Молодые окрашены менее ярко, с рыжеватым налетом, который образует на спине

häsiýetli gykylyk - “ki-ki-ki”. Uzynlygy – 29-35, horazlarynyň ganaty – 24.5-27.5, mäkiýanlarynyňky – 25.8-29.6 sm, horazlarynyň agramy – 150-330, mäkiýanlarynyňky – 230-380 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: “balagynyň” çypardygy, ölçegleriniň kiçidigi; gök bähriden, garşylykly reňki we oňat saýgardýan “murty” bilen beýleki maýda laçynlardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi – Ýewraziýanyň demirgazyk bölegi, çetki demirgazyk welaýatlaryndan başgalarynda we Demirgazyk - Günbatar Afrikada. Orta Aziýada, Türkmenistany hem goşanyňda, çäge-çöllükden başga, hemme ýerlerde gabat gelmegi mümkin. Bizde uly derýalaryň jülgelerinde, oazislerde, dagda we onuň eteklerinde ýaýran. Günorta Afrikada, Günorta we Günorta-Gündogar Aziýada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: höwürtgeleýär we uçup geçýär. Ýazyna aprelde, güýzine – sentýabr - oktýabr aýlarynda, noýabryň ortasyna çenli uçup geçýär. Şol döwürde ol agaç, gyrymsy agaçlyk ýerlerde gezýär, höwürtgesini beýik agaçlaryň üstünde – çynarda, adaty glediçiýada, toraňňyda, arçada gurýar. Apreliň aýagynda-maýyň başynda 2-3 sany goňur reňkli ýumurtgalary goýýar, ölçegleri - 32-34 x 40-43 mm. Iýunyň soňunda we iýulyň başynda jüýjeleri uçurym bolýar. Howada çalasyn we çalt, köpugrly hereketleri edip uçýar we maýda torgaýlardan jokjokylara çenli guşlary awlaýar, şeýle-de uly mör-möjekler, ýaryganatlar bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sanly görnüş, tutmak gadagan.

чешуйчатый рисунок. Голос – характерный соколиный крик «ки-ки-ки». Длина –29-35, крыло у самцов – 24.5-27.5, у самок – 25.8-29.6 см, вес самцов – 150-330, самок – 230-380 г.

Сходства – отличия: от других соколов отличается рыжими «штанами», от сапсана меньшими размерами, от других мелких соколов – контрастной окраской и хорошо заметными «усами».

Распространение: гнездовая часть ареала – северная половина Евразии, исключая крайние северные области, и Северо-Западная Африка. В Средней Азии, включая Туркменистан, может попадаться повсеместно, за исключением пустынь. У нас – по долинам крупных рек, в оазисах, предгорьях и горах. Зимует в Южной Африке, Южной и Юго-Восточной Азии.

Образ жизни: гнездится и пролетает. Весенний пролет в апреле, осенний – в сентябре-октябре, до середины ноября. Как на пролете, так и на гнездовье, связан с местообитаниями с древесно-кустарниковой растительностью. Гнезда устраивает на высоких деревьях – чинаре, гледичии, тополе, на арче. Кладка в конце апреля-начале мая, чаще из 2-3 коричневатого цвета яиц, размеры – 32-34 x 40-43 мм. Летные молодые появляются в конце июня-начале июля. Обладает ловким, маневренным полетом, позволяющим в воздухе ловить птиц – от мелких жаворонков и ласточек до дроздов, также питается крупными насекомыми, летучими мышами.

Статус: немногочисленный вид, отлов запрещен.



## 91. Ütelgi – *Falco cherrug* – Балобан

Meýdan alamatlary: beden gurluşy daýaw, beýlekilere görä uly laçyn. Horazy we mäkiýany reňkleri boýunça meňzeş, emma ölçegleri dürli. **Açyk we garamtyl reňkli** guşlar tapawutlanýar. Uly guşlaryň üsti garamtyl-goňur ýa-da açyk-goňur, ýelekleri çyparrak gaýmaly, **kellesiniň reňki arkasyna garanyňda agymtyl ýa-da ak damjaşekilli goňur tegmilli.** Ýaşlarynyň üsti birmeňzeş goýy-goňur, aşaky ýüzi – dik goňur tegmilli, açyk reňkli. Uly guşlarda **“mumjyk”, gözüniň töweregindäki halka we aýaklary sary,** ýaşlarynyňky - **gögümtil.** Sesi çagyryjy – “kee-kee-kee” ýa-da pert, howasalaly gykylyk - “ki-ki-ki”. Uzynlygy – 47-55, horazlarynyň ganaty – 34.5-38.5, mäkiýanlarynyňky – 37-41 sm, horazlarynyň agramy – 730-800, mäkiýanlarynyňky – 1000-1300 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: beden gurluşy daýaw, ölçegleriniň uludygy bilen mayda laçynlardan-gök bähriden–kiçidigi, reňkiniň garşylykly we oňat görünýän “murty” bilen beýleki mayda laçynlardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi giň – Ýewraziýanyň tokaýly sähra, sähra, çäge-çöllük we dag ýerleri, günbatarynda Dunaýyň aşaky akymyndan gündogara, Hingana çenli ýaýran. Orta Aziýanyň, beýik dag gerişlerinden we ösümlik örtüksiz düzlük ýerlerinden başgalarynda giňiişleýin duşýar. Türkmenistanda daglyk, çöllük ýerlerde, uçup geçende derýa jülgelerinde

Полевые признаки: крупный сокол относительно массивного телосложения. Самец и самка по окраске схожи, но отличаются размерами. Различают птиц **светлого и темного окраса**. У взрослых птиц верх темно-бурый или светло-бурый, с рыжеватыми каемками перьев, **голова светлее спины**, низ **рыжевато-беловатый или почти белый, в каплевидных бурых пятнах**. Молодые имеют сверху более однообразную темно-бурую, а снизу светлую окраску, с бурыми продольными пятнами. У взрослых птиц **восковица, кольцо вокруг глаз и лапы желтые**, у молодых – **синеватые**. Голос – призывный крик «кее-кее-кее» или тревожное, резкое «ки-ки-ки». Длина – 47-55, крыло у самцов – 34.5-38.5, у самок – 37-41 см, вес самцов – 730-800, самок – 1000-1300 г.

Сходства – отличия: от мелких соколов отличается довольно крупным, массивным телосложением, от сапсана – отсутствием широких черных «усов» и малоконтрастной окраской.

Распространение: гнездовая часть ареала широкая – лесостепные, степные, пустынные и горные области Евразии – от низовьев Дуная на западе, до Хингана на востоке. В Средней Азии распространен повсеместно, за исключением высокогорий и участков равнин, лишенных растительности. В Туркменистане встречается в горной местности, в пустыне, на пролетах в долинах рек. Зимовки – в Малой,

gabat gelýär. Kiçi, Alynky, Günorta (Hindistanyň demirgazyk bölegi) we Gündogar Aziýa, Afrikanyň demirgazygynda käbir ýerlerde, Demirgazyk Amerikanyň günorta-günbatar welaýatlarynda oturymly ýaşaýar.

Ýaşaýşy: ütelginiň türküstan aşaky görnüşi, bizde oturymly ýaşaýar, güýzüň soňundan ýaz aýynyň başyna çenli az - owlak dikligine (dagda) we keseligine (düzlükde) aralaşma uçuşlary geçirýär. Ütelginiň adaty aşaky görnüşi – uçup geçýär we gyşlaýar. Fewralda we martyň birinji ýarymynda uçup gidýär güýzine - oktýabrda uçup gelýär. Uçup geçende, açyk giňişliklerde, şol sanda çöllük ýerlerde saklanýar. Höwürtgesini dagda uçut gaýalaryň erňeklerinde ýa-da barmasy kyn bolan ýerlerde, Garagumda – çulbalarda we gyrlaryň erňeklerinde gurýar. Şol bir höwürtgäni köp ýyllap ulanýar. Fewralyň aýagynda-martyň başynda höwürtgeläp başlaýar, 2-3, käte 1 ýa-da 4 sany gyzylymtyl ýa-da çyparrak-goňur menekli açyk-goňur ýumurtgalary goýýar, ölçegleri - 40.3-44 x 53-61 mm. Dürli guşlar, gemrijiler, towşanşekilliler bilen iýmitlenýär. Iýmit düzümi awlaýan görnüşleriniň gürlügine we awlagyň elýeterlidigine bagly.

Statusy: seýrek görnüş, MSOP-yň Gyzyl sahypasyna we Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen. Tutmak we awlamak düýbinden gadagan. Laçyn guşlar hökmünde laçynlaryň arasynda uly meşgurlyga eýedir. Laçyn guşlar bilen aw etmek, gadymy däp-dessury galkyndyrmak we dikeltmek maksady bilen, ýerli laçynçylary tutmak we saklamak üçin, Türkmenistanyň Tebigaty goramak

Передней, Южной (северная половина Индостана) и Восточной Азии, местами на севере Африки, в югозападных областях Северной Америки живет оседло.

Образ жизни: туркестанский подвид балобана у нас живет оседло, совершая с поздней осени до ранней весны незначительные вертикальные (в горах) и горизонтальные (на равнине) перемещения. Обыкновенный подвид балобана пролетает и зимует. Отлет и весенний пролет в феврале-первой половине марта, осенью появляется в октябре. На пролете предпочитает открытый ландшафт, включая пустыню. Гнезда в горах устраивает в нишах отвесных скал или под выступами, в Каракумах – по останцам и чинкам. Одно и то же гнездо занимают много лет подряд. К гнездованию приступают рано – в конце февраля-начале марта. В кладке обычно 2-3 яйца, иногда 1 или 4, светло-коричневых, с красноватыми или рыжевато-бурыми пятнами, размеры – 40.3-44 x 53-61 мм. Питается различными птицами, грызунами, зайцами. Рацион зависит от обилия и доступности объектов охоты.

Статус: редкий вид, включен в Красный список МСОП и Красную книгу Туркменистана. Отлов и добыча категорически запрещены. Может содержаться в питомниках. Как ловчая птица пользуется большой популярностью среди сокольников. С целью возрождения и поддержания древней традиции охоты с ловчими птицами для содержания сокольниками необходима выдача специального разрешения



ministrliginiň berýän ýörüte rugsatnamasy zerurdyr.

Министерства охраны природы Туркменистана.

### 92. Çyparbaş laçyn – *Falco pelegrinoides* – Шахин

Meýdan alamatlary: gysga guýrukly we ganatlary uzyn, ýiti uçly orta ölçegdäki laçyn. Mäkiýany horazyndan ulurak. **Kellesi çypar ýa-da gyzylymtyl, “murtynyň” nagşy hem çypar reňkli**, arkasy gowy gögümtil, garyn tarapy sarymtyl-gyzgylt-çypar reňkli bolýar. Ýaş guşlarda çypar öwüşgin agdyklyk edýär, aýratyn-da, garyn tarapynda, aýagy, üstki çüňkündäki “mumjyk” we gözüniň töweregindäki halka agymtyl-sary reňkli, ýetişen guşlardan tapawutlylykda, olaryň bedeniniň bu bölek agzalary sary. Horazlarynyň uzynlygy – 33-37, mäkiýanynyňky – 36-39, horazlarynyň ganaty – 27.4-30.2, mäkiýanlarynyňky – 31.2-33.6 sm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: beýleki laçynlardan, ilki başdan, gök bähriden depesiniň çypardygy bilen oňat tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Orta we Günorta Aziýa (Demirgazyk-Günbatar we Demirgazyk - Gündogar Afrikadan başgalarynda aşaky görnüş gabat gelýär). Türkmenistanda dagda we dag eteklerinde, uçup geçýän döwründe derýa jülgelerinde yaşaýar.

Ýaşaýşy: höwürtgeleýär, uçup geçýär, bölekleýin gyşlaýar. Ýazyna martda, güýzne – oktýabryň soňunda - noýabryň başynda uçup geçýär. Gaýalaryň eginlerinde, dereleriň uçutlarynda höwürtgeleýär. Jübütligi durnukly, beli bir ýerde höwürtgeleýär. Martyň aýagynda jübütleşme geçýär. Aprelyň soňunda-maýyň başynda 2-3 sany ýumurtga goýýar, adatça 2, seýrek 3 ýa-da 1 sany sütük ýelekli

Полевые признаки: среднего размера сокол, с относительно коротким хвостом и длинными острыми крыльями. Самка крупнее самца. **Голова рыжая или красноватая, каемка «усов» также рыжая**, спина темно-сизая, брюшная сторона имеет ржаво-рыжеватый цвет. У молодых преобладают рыжие тона, особенно с брюшной стороны, а лапы, восковица и кольцо вокруг глаз бледно-желтого цвета, в отличие от взрослых, у которых все эти участки тела желтого цвета. Длина самцов – 33-37, самок – 36-39, крыло у самцов – 27.4-30.2, у самок – 31.2-33.6 см.

Сходства – отличия: от других соколов, прежде всего от сапсана, хорошо отличается рыжим теменем.

Распространение: Средняя и Южная Азия (в Северо-Западной и Северо-Восточной Африке встречается другой подвид). В Туркменистане распространен в горных и предгорных районах, на пролете по долинам рек.

Образ жизни: гнездится, пролетает, частично зимует. Весенний пролет в марте, осенний – в конце октября-начале ноября. Гнездится в нишах и на карнизах скал, по обрывам ущелий. Места гнездования и пары постоянны. Брачные игры и спаривание наблюдаются с конца марта. Кладка в конце апреля-начале мая, состоит из 2-3 яиц. В выводке обычно 2, редко 3 или 1 птенец. Выводки держатся вместе

jüýjeleri bolýar. Jüýjeleri sentýabra çenli uçurym bolýar. Aglaba, bu guşlar (maýdadan orta ölçegli serçeşekillilere çenli bolan jandarlary, käte uly gazlary hem awlaýar), şeýle-de ýarganatlar bilen iýmitlenýär.

Statusy: seýrek we sany azalýan görnüş hökminde MSOP-yň Gyzyl sagypasyna we Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen. Tutmak gadagan. El guşy üçin ulanylýar. Laçynlary saklamak üçin, edil ütelgi ýaly, Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrliginiň berýän ýörüte rugsatnamasy zerurdyr.

иногда до сентября. Питается, преимущественно, птицами (от мелких до средних размеров воробьиных, но иногда крупных птиц), а также летучими мышами.

Статус: как редкий и сокращающийся в численности вид включен в Красный список МСОП и Красную книгу Туркменистана. Отлов запрещен. Используется в качестве ловчей птицы. Для содержания сокольникам, как и для балобана, выдается специальное разрешение Министерства охраны природы Туркменистана.

### 93. Gök bähri – *Falco peregrinus* – Сапсан

Meýdan alamatlary: başgalara garanyňda uly laçyn, emma ölçegi boýunça ütelgiden kiçi. **Has garşylykly** reňklenen – uly gök bähriniň üsti gögümtil-çal (mäkiýanyň arkasy horazyna görä garamtylrak), **kellesi arkasyna garanyňda garamtylrak**, aşagy ýagty, döşi we bedeniniň böwürleri kese zolakly, **gözünden aşaklygyna gidýän gara zolak – "murty" aýdyň görünýär.** Bokurdagy we "duluklary" agymtyl reňkli. Ýaşlarynyň üsti goýy melemtil-goňur, aşagy – dik tegmilli. Sesi - "ke-e, ke-e" ýa-da "kýäk-kýäk-kýäk". Horazlarynyň uzynlygy – 38-45, mäkiýanlarynyňky – 46-51, horazlarynyň ganaty – 28.9-34.1, mäkiýanlarynyňky – 33-39 sm, horazlarynyň agramy – 500-800, mäkiýanlarynyňky – 540-1090 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: "murtunyň" garadygy bilen ütelgiden, kellesiniň garadygy bilen çypar laçyndan, ölçegleriniň uludygy we çypar "balagynyň" ýokdugy bilen turlutaýdan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: dünýäniň hemme ýerlerinde - Günorta Amerikanyň we Merkezi Awstraliýanyň düzlük böleginden başga ýerlerde. Orta Aziýada uçup geçende, köp ýerlerde gabat gelýär. Türkmenistanda - Uly Balkanda, Köpetdagda we Köýtendagda mekan tutýar, uçup geçende we gyşlaýan wagty Hazar deňziniň gündogar kenarynda, Köpetdagyň eteklerinde, der-ýalaryň jülgelerinde gabat gelýär.

Ýaşaýşy: uçup geçýär we gyşlaýar, dagda bir bölegi oturymly ýaşaýar. Açyk giňişlikleri we suw-batgalyk meýdanlary halaýar. Güýzüne oktýabryň ikinji ýarymynda uçup gelýär we martyň soňuna çenli galýar. Bu guşlar gyşlaýan döwründe jübüt bolup gezýärler. Dagda höwürtgeleýär, aprelde 2-3 sany köpsanly goňur menekli agymtylrak-çypar ýumurtgalary goýýar, ölçegleri – 41-42 x 55-56 mm. Elmydama ýabany guşlar bilen iýmitlenýär.

Statusy: seýrek we sany azalýan görnüş hökminde Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen. Tutmak gadagan. Gök bähri ýurtlaryň köpüsinde ykrar edilen guş hökmünde awçy laçyn. Bizde onuň bilen aw etmek, ütelgä garanyňda meşhur däldir.

Полевые признаки: относительно крупный сокол, хотя по размерам несколько уступает балобану. Окрашен **более контрастно** – взрослый сапсан сверху сизовато-серый (спина у самки темнее, чем у самца), **голова несколько темнее спины**, снизу светлый с поперечными полосами на груди и боках тела, **ярко выражены «усы» – опускающиеся от глаз вниз**. Горло и «щеки» светлые. У молодых верх коричневато-бурый, низ светлый с продольными пестринами. Голос – «ке-е, ке-е», или «кьяк-кьяк-кьяк». Длина самцов – 38-45, самок – 46-51, крыло у самцов – 28.9-34.1, у самок – 33-39 см, вес самцов 500-800, самок – 540-1090 г.

Сходства – отличия: от балобана отличается черным «усами», от шахина – темной головой, от чеглока – крупными размерами и отсутствием рыжих «штанов».

Распространение: по всему миру, за исключением равнинной части Южной Америки и Центральной Австралии. В Средней Азии во многих местах встречается на пролете. В Туркменистане населяет Большие Балханы, Копетдаг и Койтендаг, на пролете и зимовке встречается на восточном побережье Каспия, в предгорьях Копетдага, по долинам рек.

Образ жизни: пролетает и зимует, часть особей в горах живет оседло. Также предпочитает открытый ландшафт, водно-болотные угодья. Осенью появляется во второй половине октября и остается до конца марта. Пары не распадаются и зимой. Гнездование в горах. Кладка из 2-3 беловато-рыжеватых с многочисленными коричневыми пятнами яиц, в апреле. Размеры яиц – 41-42 х 55-56 мм. Питается почти всегда дикими птицами.

Статус: как редкий и сокращающийся в численности вид включен в Красный список МСОП и в Красную книгу Туркменистана. Отлов запрещен. Сапсан – признанный во многих странах охотничий сокол. Охота с ним у нас, по сравнению с балобаном, почти не практикуется.

### 94. Hindi ütelgesi – *Falco jugger* – Лаггар

Meýdan alamatlary: ütelginiň ýa-da çypar laçynyň ölçeginde. Üstki tarapy çalymtyl-goňur reňkli, kellesiniň üsti çyparrak, aşagy goňur tegmilli ak. **"Balagy" birmeňzeş goňur, söbüginiň ýokarky bölegi ýelek örtükli.** Ýaş guşlaryň arka ýelekleri çypar gaýmaly we çyparrak-ak garny garamtyl dik zolakly. Uly guşlaryň aýaklary sary, ýaşlarynyňky – mawymtyl. Uzynlygy – 43-46, ganaty – 30.5-37.0 sm, agramy - 780 g

Полевые признаки: размером с балобана или шахина. Верхняя сторона серовато-бурого цвета, верх головы рыжеватый, низ белый с бурыми пестринами. **«Штаны» одноцветно бурые, цевка оперена в верхней части**. Молодые птицы с рыжими каемками на перьях спины и темными продольными полосами на рыжевато-белом брюхе. Лапы у взрослых желтые, у молодых – голубоватые. Длина – 43-46, крыло

(Çäçe obasynyň gündogaryndan tutulan arryk mäkiýan guş).

Meňzeşlikleri-tapawutlary: daşyndan ütelgä çalym edýär, emma ondan biraz syratly. Ölçegleri çypar laçyna meňzeş, ondan “balagynyň” goňurdygy bilen tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Günorta (Päkistan, Hindistan, Mýanma) we Alynky (Owganistan) Aziýa. Orta Aziýada Gazagystanyň günortasynda, Özbegistanda we Türkmenistanda (Gündogar Köpetdagyň eteginde) ýekelikde gabat gelýär.

Ýaşaýşy: Türkmenistan boýunça maglumat ýok. Oturymly ýaşaýar. Aprelde - maýda höwürtgeleýär. Hindi ütelgesiniň iň ýakyn höwürtgeleýän ýeri Owganystan. Gemrijiler we orta ululykdaky guşlar (kepderi, gok garga we başg.) bilen iýmitlenýär.

Statusy: juda seýrek, tötänden uçup gelýän görnüş. Tutmak we atmak gadagan. Bu laçynyň duşýandygy baradaky islendik maglumat örän gymmatly.

– 30.5-37.0 см. Вес (единственной отловленной у нас восточнее пос. Чааче худой самки) составлял 780 г.

Сходства – отличия: внешне напоминает балобана, но несколько стройнее. По размерам сходен с шахином, от которого отличается бурыми «штанами».

Распространение: в Южной (Пакистан, Индия, Мьянма) и Передней (Афганистан) Азии. В Средней Азии единичные птицы встречались на юге Казахстана, Узбекистана и Туркменистана (предгорьях Восточного Копетдага).

Образ жизни: данных по Туркменистану почти нет. Ведет оседлый образ жизни. Гнездится в апреле-мае. Ближайшие места гнездования лаггара – в Афганистане. Питается грызунами и птицами средней величины (голуби, сизоворонки и др.).

Статус: крайне редкий залетный вид. Отлов и добыча запрещены. Любая информация о встречах этого сокола очень ценна.

## TOWUKŞEKILLILER – *GALLIFORMES* – КУРООБРАЗНЫЕ

Boýuny gysga, kellesi kiçiräk we çüňki kelte, öňe çykyp durýan petekeli, dykyz beden gurluşly orta, seý-rek uly ýa-da maýda möçberli gury ýer guşlary. Daýaw aýakly, orta uzynlykdaky güýçli barmakly (öňe üç barmagy we biri yza gönügýär), gysgajyk çala egmek ujy kütek dyrnakly. Görnüşleriň köpüsiniň horazlarynyň aýaklarynda ökje ösüntgisi bolýar. Ganatlary gysga we inli, ýelek örtügi dykyz hem gaty. Görnüşleriň aglabasynyň horazlarynyň we mäkiýanlarynyň arasyndaky tapawut aýdyň görünýär. Horazlary açyk reňkli, mäkiýanlaryň ýelek örtügi

Наземные птицы средней, реже крупной или мелкой величины. Телосложение плотное, с выступающим зобом, голова небольшая с короткой шеей и коротким клювом. Ноги сильные, средней длины с крепкими пальцами (три пальца направлены вперед и один назад), с короткими слегка изогнутыми тупыми когтями. На ногах самцов многих видов имеются шпоры. Крылья короткие и широкие, оперение плотное и жесткое. У большинства видов выражены различия между самцами и самка-



ýaşaýan ýeriniň reňki bilen utgaşýar. Köpüsi ýerde iýmitlenýär we şol ýerde hem höwürtgeleýär. Ýerde çalasyn we çalt hereket edýärler. Dik ýokarlygyna, onda-da, sesli uçýarlar. Okgunly, emma agyrlyk bilen, adatça, gysga aralyga uçýarlar. Görnüşleriň köpüsi oturymly (bedene uçup geçýän guş), jübüt bolup ýaşaýarlar. Görnüsleriň köpüsinde jübütleşmek warkyldama bilen geçýär, guşlar şol döwürde kiçiräk sürä toplanýarlar. Nesil aladasyny mäkiýan guş çekýär. 6-dan18-e çenli maýdarak ýumurtgalary goýýar. Ýylda bir gezek köpelýär we 3-den 4 hepdä çenli kürk bolup oturýarlar. Ýumurtgalarynyň gabygy galyň we berk, reňki ala ýa-da birmeňzeş. Jüýjeleri ýumurtgadan sütük ýelekli çykýar we çalt ösýärlar. Awçylaryň awlag guşy, awlag guşlaryny ösdürip ýetişdrmekde gymmatly görnüş. Dünýäde 250-den gowrak görnüşi bolup, bizde sülgünler maşgalasyndan (*Fhasianidae*) 6 görnüş.

ми. Самцы окрашены ярче, оперение самок более гармонирует с окраской местности. Большинство кормятся и гнездятся на земле. Движение по земле ловки и быстры. Взлетают почти вертикально и с шумом. Полет стремительный, но тяжелый, обычно на короткое расстояние. Большинство видов ведут оседлый образ жизни (хотя перепел перелетная птица), живут парами. Спариванию у многих видов предшествует токование, при котором птицы скапливаются в небольшие группы. Забота о потомстве ложится на самок. Яйца относительно мелкие, в кладках от 6 до 18 яиц. Кладка – раз в году, насиживают от 3 до 4 недель. Скорлупа яиц толстая и прочная, окраска – пестрая или одноцветная. Птенцы после вылупления покрыты густым пухом, развиваются относительно быстро. Объекты спортивной охоты, ценятся при дичеразведении. В мире более 250, у нас 6 видов из семейства фазановые (*Fhasianidae*).

### 95. Dag hindi towugy – *Tetraogallus caspius* – Каспийский улар

Meýdan alamatlary: hindi towuk ölçegli, käkilik sypatly guş, şonuň üçin onuň ady “dag hindi towugy” diýip tutulýar. Towukşekillileriň arasynda iň ulusy. **Horazy we mäkiýany birmeňzeş reňkde**. Depesi goýy-çal, arkasy garamtyl-çal. **Bokurdagynyň gapdallary çal zolakly, alkymy we bokurdagy ak, petekesi açyk-çal**. Döşi çal, çyparrak-sary öwüşginli we gara tegmilli. Guýrugynyň aşagy ak, garny dik çypar çyzyklanan goýy-çal. **Gysga aýaklary daýaw, sarymtylmämişi reňkli, çüňki sarymtyl reňkli**. Ganatlary gysga, guýrugy baş-

Полевые признаки: по облику напоминает кеклика, но размером с индюка, поэтому его нередко называют «горной индейкой». Среди куриных – самая крупная птица. **Самец и самка окрашены почти одинаково**. Темя – темно-серое, спинная сторона черно-серая. **По бокам горла серые полосы, подбородок и горло белые, зоб светло-серый**. Грудь серая с рыжевато-желтоватым оттенком и черными пятнами. Подхвостье белое, брюхо темно-серое с рыжеватыми продольными штрихами.

galara garanyňda uzyn we sähelçe tegelenen. Mäkiýany horazyndan kiçi. Sesi ýazyna – özboluşly güpürdili gykylyk, güýçli mylaýym sykylygyň we güýjeýän “rýuli-rýull-rýull…” saýrama heňine çalymdaş owaz bilen gutarýar. Ganaty – horazlarynyňky – 296-312, mäkiýanlarynyňky – 270-290, guýrugy – 195-199, çüňki – 34-35 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: meňzeş görnüşleri Türkmenistanda ýok.

Ýaýran ýerleri: Kawkaz, Kiçi we Alynky Aziýanyň daglyk ýerlerinde, şeýle-de Orta Aziýada, diňe Türkmenistanda – Merkezi Köpetdagyň ýokarky guşaklygynda (deniz derejesinden 2000 m gowrak) gabat gelýär.

Ýaşaýşy: oturymly guş, seýrek arçalykly, ýalaňaç eňňitli gerşlir we süýşgün daşly ýerler bilen aralaşýan uçut gaýaly jülgeleriň barmasy kyn bolan erňeklerinde ýaşaýar. Tomusda – suwa ýanaşyk, ösümlikleri guramadyk ýerlerde; gyşyna – aşagrakda, dagyň az garly, günüň şöhlesine ýylaýan ýerlerinde (1400-1500 m) gezýär. Guşlaryň jübütligi durnulky (monogam), ýaşynyň ikinji ýylynda köpelip başlaýar. Horazlaryň wakwaky fewralyň aýagyndan başlanýar, aprel-maýda ýokary derejā galýar we iýunyň ortasynda tamamlanýar. Höwürtgesi ýerde, içine otlaryň sypallary, mohlar, guşlaryň ýelekleri düşelen çukurjyk, seýrek höwürtgesini daşlaryň aşagynda, gaýalaryň erňeklerinde, gyrymsynyň aşagynda gurýar. 6-dan 13-e çenli açyk toprak sypatda öçügsi ýaşylymtyl öwüşginli we goňurrak-gyzyl meneklenen, çowly tarapy tegmillije (kütek tarapy tegmilsiz) ýumurtgalary goýýar, ölçegleri – 65.4 x 45.9 mm.

**Ноги короткие сильные, желтовато-оранжевого цвета, клюв желтоватого цвета**. Крылья короткие, хвост относительно длинный и слегка закругленный. Самки несколько меньше самцов. Голос весной – своеобразные рокочущие крики, заканчивающиеся громким мелодичным свистом и ускоряющейся трелью, похожей на «рюлирюль-рюль…». Крыло – у самцов – 296-312, у самок – 270-290, хвост – 195-199, клюв – 34-35 мм.

Сходства – отличия: в Туркменистане сходных видов нет.

Распространение: Кавказ, горные области Малой, Передней, а также Средней Азии, где встречается только в Туркменистане – верхний пояс (более 2000 м над ур.м.) Центрального Копетдага.

Образ жизни: оседлая птица, обитающая по труднодоступным карнизам и крутым склонам ущелий с разреженными арчевниками, чередующимися с голыми склонами и осыпями. Летом – на участках с невысохшей растительностью вблизи водопоев; зимой – нижние, прогреваемые солнцем малоснежные участки гор (1400-1500 м). Пары постоянные, моногамы, размножаются на второй год жизни. Токование самцов – с конца февраля, пик – апрель-май, и заканчивается к середине июня. Гнезда – на земле – ямка, выстланная сухими травинками, мхом, перьями самой птицы, реже гнезда бывают в нише скалы, под камнем, кустом. В кладке от 6 до 13 яиц. Яйца – светло-землянистого цвета с матовым зеленоватым отливом и отдельными коричнево-красными крапинками и пятнами



Maý aýynyň başyndan iýunyň başyna çenli jüýjeleýär. 8-10 sany jüýjeleri sentýabra çenli, mümkin gyşda-da bile dargaman gezýär. Güýzde 10-20 sany bolup, toplanýarlar. Ýazyna – ösümlikleriň baldaklary, gülleri, ýapraklary; güýzine we gyşyna – tohumlary, miweleri, ýerasty özgeren baldaklary, soganlary bilen iýmitlenýär.

Statusy: örän seýrek görnüş, ýaýran ýerleri çäkli, Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen. Köpetdag döwlet goraghanasynyň guşlarynyň iň täsin we gymmatly wekilleriniň biri.

на остром конце, на тупом они почти отсутствуют. Размеры яиц – 65.4 х 45.9 мм. Птенцы – с начала мая – до начала июня. Выводок – 8-10 птенцов, не распадается до сентября, возможно, до зимы. Осенью образуют табунки до 10-20 особей. Питаются, главным образом, растительной пищей: побегами, цветами, листьями – весной; семенами, плодами, корневищами, луковицами – осенью и зимой.

Статус: очень редкий вид, с ограниченным распространением, внесен в Красную книгу Туркменистана. Один из наиболее важных и интересных представителей Копетдагского заповедника.

### 96. Käkilik – *Alectoris chukar* – Кеклик

Meýdan alamatlary: ululygy kiçiräk towuk ýaly. Üstki tarapy mawymtylrak çal, gyzylymtyl-goňur öwüşginli. Bokurdagy açyk çypar reňkli we ýaňaklary gözünden başlanýan gara zolak bilen gaýalan. Petekesi we garnynyň öňki tarapy mawymtyl-çal, garnynyň galan bölegi çyparrak-açyk goňur. **Böwürleri inli ak, gara we çypar kese zolaklanan**. Mäkiýany horazyndan kiçi. **Çüňki we gözüniň töweregindäki halka gyzyl, aýaklary – gyzylymtyl - gülgüne**. Sesi guşa häsiýetli gykylyk – “ke-ke-lek, ke-ke-lek”. Şol gykylygy boýunça ol öz adyny alan. Ganaty – 164-172 (mäkiýanlary) we 170-180 (horazy) sm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: ölçeginiň uludygy, çüňküniň, aýagynyň gyzylymtyl-gülgünedigi we bokurdagynyň akdygy bilen çil käkilikden tapawutlanýar. Türk-

Полевые признаки: размером с курицу. Верхняя сторона голубовато серая с красновато-бурым оттенком. **Светло-рыжее горло и щеки окаймлены черной полосой, идущей к глазам**. Зоб и передняя часть брюха голубовато-серые, остальное брюхо рыжевато-светло-коричневое. Бока – в широких белых, черных и рыжих поперечных полосах**.** Самка меньше самца. **Клюв и кольцо вокруг глаз – красные, ноги красно-розовые**. Голос – характерный крик «ке-ке-лек, ке-ке-лек». По этому крику птица получила свое название. Крыло – 164-172 (самки) и 170-180 (самцы) см.

Сходства – отличия: от пустынной куропатки отличается крупными размерами, красно-розовыми клювом и лапами и белым горлом. В Туркменистане - 4 формы кекликов:

menistanda käkilikleriň 4 sany - köpetdag, bathyz-garabil, balkan, üstýurt-garagum, gyzylgum atly şertli aşaky görnüşleri tapawutlandyrylýar. Olar öz aralarynda birmeňzeş, emma ýelek örtüginiň reňk öwüşgini, ölçegleri boýunça aýry.

Ýaýran ýerleri: Kawkaz, Ýakyn Gündogar, Alynky, Orta we Merkezi Aziýa, Gimalaý daglary. Türkmenistanda – daglarda we dagetek düzlüklerde we derýalaryň jülgelerinde, şeýle-de Günbatar Uzboýda, Hazarýakasynda we Garabogazýakasynda, Günorta Üstýurtda, Merkezi Garagumuň käbir ýerlerinde duşýar.

Ýaşaýşy: oturymly görnüş, emma ýylyň sowuk döwründe dikligine, ýokary galma hereketlerini geçirýär. Ýerde ýaşaýar. Jübüt ýa-da süri bolup gezýär. Höwürtgesi daşlaryň, gyrymsynyň ýa-da ösgün otlaryň aşagynda içine ösümlikleriň çüýrän sypallary düşelen kiçiräk çukurjyk. Aprel-maý aýlarynda 6-dan 19-a çenli maýdajik nagyşlyja ak ýa-da goňurrakak ala ýumurtgalary goýýar, ölçegleri – 35-45 x 26-29 mm, agramy – 16-19 g. Maýdan iýunyň aýagyna çenli jüýjeleri çykýar. Jüýjeleri bir günden soň höwürtgäni taşlaýarlar we olaryň ösüşi çalt geçýär. Bir-üç hepdelik ýaşdaky jüýjeleri 30-40 we ondan-da köp bolup, sürä toplanýarlar we güýzgyş döwründe bile gezýärler. Esasan, ösümlikleriň tohumlary, miweleri, ýapraklary, ter baldaklary, soganlary, ýerasty özgeren baldaklary, şeýle-de haýwandan – mör-möjekler, möýler, balykgulaklar bilen iýmitlenýär. Tomsuna yzygiderli suw içmäge gatnaýar.

Statusy: adaty görnüş, emma kadadan köp awlanýandygy üçin, onuň

копетдагская, бадхыз-карабильская, балхан-устюрт-каракумская и казылкумская. Они очень схожи, но отличаются оттенками оперения и размерами.

Распространение: Кавказ, Ближний Восток, Передняя, Средняя и Центральная Азия, Гималаи. В Туркменистане в горах и предгорьях и по долинам рек, а также по Западному Узбою, в Прикаспии и Прикарабогазье, на Южном Устюрте, местами в Центральных Каракумах.

Образ жизни: оседлый вид, но совершает вертикальные перемещения в холодное время года. Ведет наземный образ жизни. Держатся парами или стайками. Гнездо в небольшой ямке, слабо выстланное растительной ветошью, под камнями, прикрытием куста, травы. Кладка – с апреля по май, а птенцы – с мая до конца июня. В полных кладках от 6 до 19 белых или буровато-белых яиц с пестринами и мелким точечным рисунком. Размеры яиц – 35-45 x 26-29 мм, вес – 16-19 г. Через сутки после вылупления птенцы покидают гнездо. Развиваются птенцы быстро. В возрасте одной-трех недель выводки объединяются и образуют стаи по 30-40 и более птиц, которые держатся вместе в течение осени и зимы. Основной корм – семена, плоды, листья, зеленые побеги, луковицы, клубни растений, а также животные корма – насекомые, пауки, моллюски. Летом регулярно посещают водопои.

Статус: обычный вид, но из-за чрезмерной охоты, объектом которой он является, численность резко



baş sany azalýar. Guşlary köplenç suwa gelende, hatda gadagan edilen usullar bilen – daşyna açyk reňkli mata bölekleri tutulan çatmada oturyp tüpeňleýärler. Türkmenistanda olary emeli ýagdaýda köpeltmegiň ylmy esaslary işlenilip düzüldi. Baş sanyna gözegçilik we aw etmegiň wagtyny anyk kesgitlemek gerek.

сокращается. Добывается ружьем с подхода, у водопоев, и порой запрещенными методами – под прикрытием щита, затянутого яркими кусками материи. В Туркменистане разработаны научные основы искусственного разведения. Необходим контроль за численностью и строгая регламентация охоты.

### 97. Çil käkilik – *Ammoperdix griseogularis* – Пустынная куропатка

Meýdan alamatlary: kepderiden kiçi, emma bedeneden ulurak. Umumy reňki çalymtyl - "çöl reňkli". Horazynyň arkasy çyparrak-gülgüne ýokundyly. **Maňlaýy we gözüniň üstündäki zolak gara, gözüniň yzy dik ak tegmilli**. Petekesi we döşi gülgüne-çypar bolup, ýuwaş-ýuwaşdan garnynda ak reňke geçýär. Böwürleri - gyralary poslyrak dik inli gara zolakly. Çüňki mämişi, aýaklary kirliräk sary. Mäkiýany has tutuk reňkli, gözüniň üstünde açyk sarymtyl gaşy bolýar. Ganaty – 124-133 mm, agramy – 180-220 g. Horazlarynyň ganaty – 125-138, mäkiýanlaryňky – 120-125, guýrugy – 60-65, çüňki – 10-12 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: ölçegleriniň kiçidigi, aýaklarynyň we çüňküniň agymtyldygy we bokurdagynda ak tegmiliň ýokdygy bilen beýleki käkilikden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Alynky we Orta Aziýa. Türkmenistanda – Gubadagda, Uly we Kiçi Balkan daglarynda, Köpetdagda, Bathyzda, Garabilde, Köýtendagda duşýar.

Ýaşaýşy: oturymly guş. Dag eteklerinde we dagyň aşaky kemerinde ýaşaýar. Ýarymçöllük we sähralaşan ýerleri halaýar. Ýumurtgalaýan döwri dowamly, ol ilkinji goýulan

Полевые признаки: меньше голубя, но крупнее перепела. Окраска в целом сероватая, «пустынная». У самцов спина с рыжевато-розовым налетом. **Лоб и полоса над глазом черные. Зоб и грудь розовато-рыжие**, постепенно переходящие в беловатый тон на брюхе. На боках – продольные черные широкие полосы с ржавчатыми краями. **Клюв оранжевый, ноги грязно желтые.** Самка окрашена в более тусклые тона, над глазом видна лишь желтоватая светлая бровь. Крыло – 124-133 мм, вес – 180-220 г. Крыло у самцов – 125-138, у самок – 120-135, хвост – 60-65, клюв – 10-12 мм.

Сходства – отличия: от кеклика отличается меньшими размерами, светлыми ногами и клювом и отсутствием белого на горле.

Распространение: Передняя и Средняя Азия. В Туркменистане – Кубадаг, Большие и Малые Балханы, Копетдаг, Бадхыз, Карабиль, Койтендаг.

Образ жизни: оседлая птица. Обитает в предгорьях и нижнем поясе гор. Предпочитает полупустынные и остепненные участки. Период яйцекладки сильно растянут, что связано гибелью первых кладок и с

ýumurtgalaryň gyrylmagy hem-de bir ýýllyk we uly ýaşly guşlaryň köpelmeginiň ara tapawudy bilen bagly. Apreliň soňundan maýyň aýagyna çenli ýumurtga goýýar. Höwürtgesi örän gizlin ýerde, içine sähelçe ösümlik sypallary düşelen daşlaryň aşagyndaky çukurjyk. Höwürtgede 14-e çenli meneksiz mesge reňkli ýumurtgalar bolýar. Awgustyň ortasyna çenli jüýjeleýär. Ösümlikleriň tohumy we miweleri bilen iýmitlenýär. Jüýjelerini mörmöjekler bilen iýmitlendirýär.

Statusy: sany azalýan görnüş. Awçylaryň awlag guşy (ýerli ady – "çil"), edil käkilik ýaly, baş sanyna gözegçilik we aw etmegiň wagtyny anyk kesgitlemek gerek.

разницей начала яйцекладки годовалыми и старыми птицами. Кладка – с конца апреля до конца мая. Гнездятся очень скрытно в ямках на земле со скудной травянистой выстилкой под укрытием нависающих камней. В полной кладке до 14 яиц сливочного цвета без пятен. Выводки наблюдаются до середины августа. Питается семенами и плодами растений. Птенцов выкармливают и насекомыми.

Статус: сокращающийся в численности вид. Объект любительской охоты (местное охотничье название – "чиль"), но также как у кеклика необходимы контроль за численностью и регламентация охоты.

### 98. Bedene – *Coturnix coturnix* – Перепел

Meýdan alamatlary: sar ululykdaky, towukşekillileriň arasynda iň maýdasy, ýerde ýaşaýan guş. Üsti köpsanly garamtyl we açyk dik tegmilli, sarymtyl-goňur reňkde garny sarymtyl-ak öwüşginli. Guşlaryň ikisi-de birmeňzeş reňkli. **Horazynyň bokurdagynyň ortasy gara**. Çüňki çalymtyl-goňur. Guşlaryň penalaýjy reňki oňat ösen, şonuň üçin olary otlaryň arasynda saýgarmak kyn. Seýrek uçýar, çalt ylgaýar we gür otlaryň arasynda bukulýar. **Ýerden sesli ýokaryk göterilýär, guýrugy gysga, kiçijek towukjagaza çalym edýär. Ganatlaryny ýygy-ýygydan kakyp, ýere golaý, çalt uçýar we ýere gonmazyndan öňürti gaýýar.** Iýmit gözlände aýaklary bilen ýeri peşeýär, toprak böleklerini zyňyşdyrýar, hezil edip, kirşene oýkanýar. Agaçlara gonmaýar. Horazynyň sesi iki tapgyrdan durýar – ýuwaşja gygyldama "wa-wwa, wa-wwa" we güýçli – "podt-polot", "podt-polot", "pip-pilip, pip-pilip", "pitt-podaý, pitt-podaý". Horazlarynyň ganaty – 104-115, mäkiýanlaryňky – 117, guýrugy – 39-42, çüňki – 10 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: towukşekillileriň beýleki wekillerinden ölçegleriniň kiçidigi bilen tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi Ýewraziýada - günorta-gündogar çetlerinden Uzak Günogara we Günbatar Hytaýa çenli, şeýle-de Afrikanyň demirgazyk-günbatary we günortasy. Türkmenistanda uçup geçende giňişleýin duşýar, derýalaryň jülgelerinde, dag eteklerinde, ekerançylyk meýdanlarynda we Köpetdagyň, Köýtendagyň, Bathyzyň we Garabiliň sähralykarynda höwürtgeleýär. Demirgazyk Hindistanyň we Afrikanyň, köpüsi günorta böleklerinde gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän guş. Ýazyna aprelde we maýyň başynda, güýzine – sentýabrda we oktýabryň aýagyna çenli uçup geçýär. Horazlary uçup gelenlerinden soň güýçli ses çykarýar ("soweş" başy), bu köpelýän döwründe geçýär. Guşlaryň jübütligi durnuksyz. Horazlaryň köpüsi dürli mäkiýanlar bilen goşalaşýarlar. Höwürtgesi gyrymsylaryň ýa-da gür ösen otlaryň arasyndaky çukurjyk, 8-20 sany gara-goňur meneklenen, goňur reňkli ýumurtgalary goýýar. Jüýjeleri çalt ösýär we 35-40 günlük bolanda, uly bedeneleriň ölçegini alýar. Ösümlik iýmiti (tohumy, baldaklary), tomsuna–mör-möjekler we käbir oňurgasyzlar bilen iýmitlenýär.

Statusy: adaty görnüş, awçylaryň aw guşy. Ketekde saklap köpeldmek mümkin.

Полевые признаки: наземная птица, самая мелкая из куриных, величиною со скворца. Сверху окрашен в желтовато-бурый с многочисленными темными и светлыми продольными пестринками, брюшко желтовато-белого тона. Оба пола окрашены почти одинаково. **У самца центр горла – черный**. Клюв серо-бурый. Окраска покровительственная, и заметить птицу, особенно в траве, очень трудно. Редко поднимается на крыло, быстро убегает и затаивается в густой растительности. **Взлетает с шумом, короткохвостая, напоминает миниатюрную курочку. Летит быстро, низко над землей, часто взмахивая крыльями и планируя перед посадкой.** При кормежке копается в земле, разбрасывая и разгребая ее ногами, охотно купается в пыли. На деревья не садится. Крик самца состоит из тихого хриплого «ва-вва», «ва-вва» и звонкого – «подь-полоть», «подь-полоть», «пип-пилип, пип-пилип», «пить-подай, пить-подай». Крыло у самцов – 104-115, у самок – до 117, хвост – 39-42, клюв – 10 мм.

Сходства – отличия: от других представителей куриных отличается мелкими размерами.

Распространение: гнездовая часть ареала в Евразии от крайнего юго-запада до Дальнего Востока и Западного Китая, а также на северо-западе и юге Африки. В Туркменистане на пролете повсеместно, гнездится в речных долинах и предгорьях, на полях, в степеподобных участках на Копетдаге, Койтендаге, Бадхызе и Карабиле. Зимуют в Северной Индии и в Африке, больше в южной половине.

Образ жизни: пролетная, гнездящаяся птица. Весенний пролет – в апреле и начале мая, осенний - в сентябре и до конца октября. После прилета самцы издают громкие крики (т.н. «бой»), это происходит в период размножения. Пары не постоянны. Самцы спариваются с разными самками. Гнездо в ямке под кустиками или в густой траве. В кладке – 8-20 яиц буроватого цвета с черно-бурыми пестринами. Молодые растут быстро, в возрасте 35-40 дней достигают размеров взрослых птиц. Растительноядные (семена, побеги), летом питаются насекомыми и некоторыми беспозвоночными животными.

Статус: обычный вид, объект спортивной охоты. Может содержаться в неволе.

### 99. Sülgün – *Phasianus colchicus* – Фазан

Meýdan alamatlary: öý towugyna çalymdaş, emma **guýrugy inçeden uzyn.** Horazynyň bezegi ala, altynsow, goýy-ýaşyl, mämişi we mawumtyl reňkleriň utgaşygy. **Kellesiniň gyralarynda uzalan ýelek dessejiklerinden dörän "şahjagazy" bolýar.** Guýrugy sarymtyl-gyzylymyl-ýaşyl öwüşginli, sarymtyl-goňur reňkli. **Mäkiýany sada bezegli – boýny syýa öwüşginli goňurrak-sary, boýny çirnil reňk öwüşgüli.** Horazy mäkiýanyndan ep-esli uly we guýrygy ondan has uzyn. Ylganda kellesini we boýnyny öňe süýndürip, guýrugyny ýokary galdyrýar. Ýerden uly goh bilen "şem alawy" ýaly dik ýokarlygyna duýdansyz göterilýär, şondan soň ganatlaryny ýaýyp 70-150 m uçup, ýere düşýär. Gowşak we az uçýar, ikinji gezek uçanyndan soň gaýtadan uçmaýar, jeňňelikde bukulýar. Horazynyň sesi iki ýa-da üç tapgyrly: "ke-ke" ýa-da "ke-ke-re" ýa-da "koh-koh". Horazlarynyň bir näçe gezek gaýtalanýan ýuwaşdan mylaýym sesiniň bolmagy mümkin: "çu-çu-çu". Horazlarynyň ganaty – 228-263, guýrugy – 457-628, çüňki – 18.1-22.4, mäkiýanlaryňky – 214-236, guýrugy – 283-433, çüňki – 16.6-19.4 mm, horazlarynyň agramy – 2 kg çenli, mäkiýanlaryňky – 1.4 kg çenli.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: guýrugynyň uzyndygy bilen towukşekilleriň ählisinden tapawutlanýar; Türkmenistanda 4 aşaky görnüşi duşýar (pars, murgap, amyderýa we hywa), olar ýelek örtüginiň, ýumurtgalarynyň reňkleriniň dürlüdigi, köpelýän wagtlary we ýaşaýan ýerleri boýunça tapawutlanýarlar.

Полевые признаки: по складу тела похож на курицу, но **отличается тонким длинным хвостом**. В пестром наряде самцов сочетаются золотистые и темно-зеленые, оранжевые и фиолетовые цвета. **По краям головы – пучки удлиненных перьев, образующих наподобие «рожек»**. Хвост желто-бурого цвета с медно-фиолетовым отливом. **Самки имеют скромный наряд – буровато-желтый с фиолетовым отливом на шее**. Самец заметно крупнее самки и хвост у него длиннее. При беге голова и шея наклонены вперед, а хвост приподнят. Взлетает с большим шумом круто вверх, «свечей», затем планирует, пролетев 70-150 м, спускается. Летает плохо и мало и после повторных взлетов не поднимается вовсе, прячется в зарослях. Крики – из двух или трех колен, нечто вроде «ке-ке» или «ке-ке-ре» или «кох-кох». Самцы могут подавать и тихий, неоднократно повторяемый, нежный звук: «чу-чу-чу». Крыло у самцов – 228-263, хвост – 457-628, клюв – 18.1-22.4, крыло у самок – 214-236, хвост – 283-433, клюв – 16.6-19.4 мм, вес самцов – до 2, самок – до 1.4 кг.

Сходства – отличия: **от всех куриных отличается длинным хвостом**; в Туркменистане встречаются 4 подвида (персидский, мургабский, амударьинский и хивинский), которые различаются оттенками оперения, цветовому разнообразию яиц, разницей в сроках размножения и районами обитания.

Распространение: Западная и



Ýaýran ýerleri: Günbatar we Günorta Ýewropa, Kawkaz, Alynky, Orta, Merkezi we Gündogar Aziýa. Amerikanyň, Awstraliýaň, Täze Zelandiýanyň we Tasmaniýanyň käbir ýerlerinde uýgunlaşdyrylan (akklimatizasiýalaşdyrylan). Türkmenistanda – Günbatar Köpetdag we Tejen, Murgap, Garagum derýalarynyň, Amyderýanyň jülgeleri.

Ýaşaýşy: oturymly guş, jeňňelliklerde, gamyşlyklarda, ýylgynlyklarda, ösgün otlyk we ekerançylyk ýerlerde, şor suw akabalaryň, suwly ýaplaryň kenarýakalarynda ýaşaýar. Günorta etraplarda wak-waky fewralyň başyndan maýyň aýagyna çenli (martyň ortasyndan kürük bolýar), demirgazykda (Daşoguz oazisinde) – martýn ortasyndan iýulyň başyna çenli geçýär (maýyň başyndan kürük bolýar). Günortada guşlaryň ilkinji jüýjeleri apreliň birinji ýarymynda, demirgazykda – maýyň başynda çykýar. Höwürtgesi ýerde, içine ösümlikleriň çybyjyklary, baldajyklary ýa-da otlaryň çüýrän galyndylary we öz ýelekleri gatyşdyrylyp düşelen oýtajyk. 4-19 ýumurtga goýýar. Hywa aşaky görnüşiniň amyderýa we murgap aşaky görnüşlerine garanyňda, ýumurtgalary garamtyl reňkli (ýaşylymtyl-goňur we ýaşylymtyl-çal öwüsginli ýa-da garamtyl-agymtyl we goňur reňkler agdyklyk edýär), soňky iki aşaky görnüşleriň ýumurtgalarynyň reňki orta we gowşak derejede (ýaşylymtyl-çal we ýaşylymtyl-agymtyl, açyk-agymtyl, çäge reňki agdyklyk edýär). Ýaş jüýjeler bäşaýlyk bolanda uly guşlardan tapawutlanmaýarlar. Iýýän iýmiti örän dürli: ösümlikleriň miweleri we tohumlary, tut kömelegi, gur-

Южная Европа, Кавказ, Передняя, Средняя, Центральная и Восточная Азия. Местами акклиматизирован в Америке, Австралии, Новой Зеландии и Тасмании. В Туркменистане – в Западном Копетдаге и по долинам Теджена, Мургаба, Каракумдарьи и Амударьи.

Образ жизни: оседлая птица, обитает в тугаях, тростниковых, гребенщиковых и травянистых зарослях, в сельскохозяйственном ландшафте по бахчам, окраинам полей, оросительным и дренажным каналам. Токование в южных районах – с начала февраля до конца мая (насиживание с середины марта), на севере (Дашогузский оазис) – в середине марта до начала июля (насиживание в начале мая). Первые птенцы на юге появляются в первой половине апреля, на севере в начале мая. Гнездо – небольшое углубление в почве, выстланное веточками, стебельками или растительной трухой, часто с примесью собственных перьев. Количество яиц в кладке – 4-19. Яйца хивинского подвида имеют более интенсивную и темную окраску (с преобладанием зеленовато бурых и зеленовато-серых тонов или наличие яиц с темно-бежевой и бурой скорлупой), чем яйца амударьинских и мургабских подвидов, у которых окраска средней и слабой интенсивности (зеленовато-серые, зеленовато-бежевые, светло-бежевые, песчаные). К пятимесячному возрасту молодые птенцы не отличаются от взрослых. Пища очень разнообразная и состоит из плодов и семян, тутового гриба, червей, улиток, мокриц, паукообразных, и

çuklar, balykgulaklar, eşekýassyklar, möýşekilliler, hatda maýdaja balyklar, suwulganlar we ýylanlar, gemrijileriň tezekleri. Esasy duşmanlary: alahekek, garga, hüwi, şagal, tilki, ýabany we öý pişikleri, çopan we eýesiz itler.

Statusy: sany üýtgäp durýan görnüş, aw etmegiň wagtyny anyk kesgitlemeli we gadagan etmeli. Türkmenistanda sülgüni elde ösdürip ýetişdirmegiň ylmy esaslary we amaly çäreleri işlenilip düzüldi.

даже мелких рыб, ящериц и змей, и экскрементов грызунов. Основными врагами являются сорока, ворона, филин, шакал, лисица, дикие и домашние кошки, пастушьи и бродячие собаки.

Статус: вид с колеблющейся численностью. Охота регламентируется и может запрещаться. В Туркменистане разработаны научные основы практических мероприятий искусственного разведения фазана.

### 100. Turaç – *Francolinus francolinus* – Турач

Meýdan alamatlary: käkilikden sähelçe ulurak. Ýetişen **horazyň reňki gara, bedeniniň aşaky tarapy tegelek ak tegmilli, arkasy we ganatlary dik goňurrak-çypar nagyşly**, bili we guýrugy kese gara-ak zolakly. **Boýny poslurak-goňur halka bilen gabalan. Ýaňaklarynda ak tegmili bolýar. Çüňki gara, aýaklary gyzyl**. Mäkiýany öçügsi reňkli; aşagy kese gara zolakly, üstki tarapynda poslurak-sarymtyl öwüşgin oňat ösen. Alkymy we bokurdagynyň ýokarsy ak. Howp abananda gaçýar we "şem alawy" ýaly howa sesli göterilýär. Ýerde boýnuny öne süýndürip ylgaýar. Horazy wak-wak dowründe kellesini arkan gaýşardyp, guýrugyny ýelpewaç ýaly ýaýýar we ganatlarynyň ýarpysyny aşak düşürip, ýerde çyzyk edip aýlanýar, ýokaryk towusýar, ganatlaryny kakýar, kellesini aýlaşdyrýar. Sesi – "kuok, kiiik ki-kii-ko ki-kiik". Ganaty – 148-180 mm, agramy – 400-550 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: garamtyl tegmilli ýelek örtügi bilen beýleki towukşekillilerden aňsat tapawutlanýar.

Полевые признаки: по размерам несколько крупнее кеклика. Окраска взрослого **самца черная с белыми круглыми пестринами на нижней стороне тела, с бурovato-рыжим продольным рисунком на спине и крыльях** и черно-белыми поперечными полосками на пояснице и хвосте. **Вокруг шеи ржаво-коричневое кольцо. На щеке – белое пятно. Клюв черный, ноги красные**. Самка окрашена в более бледные тона; снизу с черными поперечными пестринами, сверху сильнее развит рыжевато-желтоватый оттенок. Подбородок и верх горла белые. При опасности убегает, затем с шумом «свечой» взлетает. На бегу обычно вытягивает шею. Самец при токовании опрокидывает назад голову, распускает веером хвост и чертит по земле полураспущенными крыльями, подпрыгивает, хлопает крыльями, вертит головой. Крик – «куок, кииик ки-кии-ко ки-киик». Крыло – 148-180 мм, вес – 400-550 г.

Сходства – отличия: от других наших куриных легко отличается



Ýaýran ýerleri: Kipr, Kiçi we Alynky Aziýa, Gündogar Zakawkaziýe we Demirgazyk Hindistan. Orta Aziýada – diňe Türkmenistanyň günorta-günbatarynda, Etrek we Sumbar jülgelerinde.

Ýaşaýşy: oturymly guş. Suw ýataklarynyň golaýyndaky ýylgynlyk, böwürslenlik, ýandakly jeňňelliklerde; deryanyň gamyşlyk, ösgin otluk bilen gezekleşýän ýerlerinde we ekerançylygyň çetlerinde hem mekan tutýar. Bu guşlaryň jübütligi durnukly. Mart-awgust aralygynda, käbiri iki gezek köpelýär. Höwürtgesi gyrymsynyň aşagynda, içine guran ot-çöpleriň sypallary düşelen kiçiräk çukurjyk, 6-8, seýregräk 10 sany ak meneklije ýaşylymtyl-goňur reňkli ýumurtgalary goýýar. Ýaşlary maýyň ikinji ýarymyndan oktýabryň ortasyna çenli duşýar. Güýz we gyş aýlary süri bolup gezýär. Ösümlik (ýaprak, ter baldak, şireli miwe, tohumlar, dänelileriň tohumlary) we haýwan iýmiti (murtly çekirtge, ýasmyk, jykjyk, garynjalar, gurçuklar, suwulganlar, balykgulaklar) bilen iýmitlenýär.

Statusy: örän seýrek, sany azalýan görnüş, Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen, awlamak gadagan. Hazar we Sünt-Hasardag döwlet goraghanalarynyň guşlarynyň iň tasin wekilleriniň biri.

темным пятнистым оперением.

Распространение: Кипр, Малая и Передняя Азия, Восточное Закавказье и Северная Индия. В Средней Азии – только в Туркменистане – на юго-западе, местами по долинам Этрека и Сумбара.

Образ жизни: оседлая птица. Населяет заросли тамарикса, ежевики, верблюжьей колючки вблизи водоемов; камышовые плавни, чередующиеся с высокотравными полянками; не избегает сельскохозяйственных угодий. Пары постоянны. Размножаются с марта по август, некоторые дважды. Гнездо – небольшая ямка, с выстилкой из сухих травинок и веточек, обычно под кустом. В кладке 6-8, реже до 10 яиц зеленовато-бурого цвета с белыми пятнышками. Молодые встречаются от второй половины мая до середины октября. Осенью и зимой держатся стайками. Питается растительной (листья, зеленые побеги, ягоды, семена, зерна злаков) и животной (кузнечики, клопы, жуки, муравьи, гусеницы, ящерицы, моллюски) пищей.

Статус: очень редкий вид, численность которого сокращается, внесен в Красную книгу Туркменистана, охота запрещена. Один из наиболее интересных представителей птиц Хазарского и Сюнт-Хасардагского государственных заповедников.

## DURNAŞEKILLILER – *GRUIFORMES* – ЖУРАВЛЕОБРАЗНЫЕ

Suw-batgalyk we gury ýer guşlarynyň uly we dürli toparlarynyň wekilleri içki gurluşlarynyň aý-

К этому отряду относятся представители большой и разнородной группы водно-болотных и назем-

ratynlyklaryna esaslanyp, bu otrýada birleşdirilýär. Durnaşekilli guşlaryň ählisi açyk giňişliklerde ýaşaýarlar: sähralyklarda, suwarymly meýdanlarda, suw-batgalyk ýerlerde käbiri suw ýataklaryndaky jeňňelliklerde. Olaryň arasynda maýdasy, orta we uly ölçeglileri duşýar. Dünýä faunasynda 200-e golaý görnüş bolup, Türkmenistanda 3 maşgala – suw towuklara, durnalara we toklutaýlara jemlenýän 14 görnüş gabat gelýär.

ных птиц, объединяемых на основании особенностей внутреннего строения. Все журавлеобразные – обитатели открытых пространств: степей, полей, водно-болотных угодий; некоторые живут в зарослях по водоемам. Среди них есть мелкие, среднего размера и крупные птицы. Мировая фауна насчитывает около 200 видов, в Туркменистане встречаются 14 видов, объединяемых в 3 семейства: журавлиные, пастушковые и дрофиные.

## Durnalar – *Gruidae* – Журавлиные

Aýaklary we boýuny uzyn, bedeni gelşykli uly guşlar maşgalasy. Çüňki ýiti uçly, göni. Ganatlary uzyn we tegelenen. Guýrugy gysga, emma uzalan ýelekleriň hemmesiniň üstüni doly ýapmaýandygy sebäpli, guýrugy uly bolup görünýär. Görnüşleriň köpüsiniň kellesinde düwürtik ösüntgiler we gaty saçşekilli gyllar bilen örtülen ýalaňaç deri meýdançasy bolýar (esasan uly guşlarda). Horazy mäkiýanyna meňzeş reňkli. Guşlaryň jübütligi, köplenç, ömrüniň ahyryna çenli saklanýar, monogam. Ýumurtgalary süýrelen-ýumurtga sypatly. Açyk we suw-batgalyk ýerleri bilen baglanşykly landşaftlarda ýaşaýar. Howada oňat gaýýarlar, köplenç ganatlaryny kakyp, işjeň uçuşdan peýdalanýarlar. Ösümlik, seýrek – haýwan iýmiti, esasan, mörmöjekler bilen iýmitlenýärlar. Maşgalada 15 görnüş, ýer togalagynyň hemme ýerlerine ýaýran, olaryň 3-si Türkmenistanda.

Крупные стройные птицы, ноги и шея длинные. Клюв острый, прямой. Крылья длинные и закругленные. Хвост короткий, но из-за удлиненных крыльев, которые в сложенном состоянии полностью его покрывают, хвост кажется большим. У большинства видов этого семейства на голове (главным образом, у взрослых) имеются участки голой кожи, покрытые бугорчатыми выростами и жесткими волосовидными щетинками. Самцы и самки окрашены одинаково. Моногамы, часто пары сохраняются на всю жизнь. Яйца удлиненно-яйцевидной формы. Населяют открытые ландшафты и связаны с водно-болотными местообитаниями. Хорошо парят, пользуются преимущественно активным полетом. Питаются растительными кормами, реже – животными, больше насекомыми. В семействе 15 видов, распространенных по всему земному шару, из них в Туркменистане – 3.



## 101. Çal durna – *Grus grus* – Серый журавль

<u>Meýdan alamatlary</u>: umumy reňki çal, kellesi, boýny, aýaklary we ganatlarynyň ujy gara, uly durna. **Ak zolak gözünden kellesiniň gapdallary bilen boýnunyň yzyna tarap uzaýar. Depesiniň yzky bölegi we ýeňsesi gyzyl tegmilli, ýalaňaç siňňilsypatly deri bilen örtülen.** Aýaklary gara. Uçýan wagty ganatlarynyň ujundaky ýelekler "ýaýradylan barmaklar" ýaly görünýär. Horazy mäkiýanyndan biraz ulurak. Ýaşlarynyň kellesi ýelek örtükli, gyzyl reňksiz. Uçanda boýny we aýaklary gönüligine - tekiz uzaýar. Uçup geçýän döwründe uly sürüdäki guşlar pahna ýa-da burç bolup düzülýärler. Sesi güýçli we surnaýly – "kurruk-kurruk…". Uzynlygy – 96-119, ganatlarynyň gerimi – 180-245, boýy – 110-125 sm, agramy 6 kg çenli.

<u>Meňzeşlikleri-tapawutlary</u>: ölçegleriniň has uludygy, döşinde gara reňkiň we kellesinde ak "zülpüň" ýokdygy bilen owadan durnadan, uçanda boýnunyň egri däldigi we ganatlarynyň ujunda "ýaýradylan barmak" alamatynyň bardygy bilen gök hokgardan tapawutlanýar.

<u>Ýaýran ýerleri</u>: Günorta Ýewropadan we Kiçi Aziýadan Gazagystana we Günbatar Sibire çenli. Günorta Ýewropada, Pars aýlagyndaky ýurtlarda, Özbegistanyň günortasynda we Türkmenistanda, Owganistanda, Päkistanda, Hindistanda we Demirgazyk Afrikada gyşlaýar.

<u>Ýaşaýşy</u>: Türkmenistanda uçup geçýän we gyşlaýan guş. Açyk landşaftlarda, suw-batgalyk giňişliklerde ýaşaýar. Möwsümleýin migrasiýasy dowamly: fewraldan - maý aýyna we

<u>Полевые признаки</u>: крупный журавль с общей серой окраской, голова, шея, ноги и концы крыльев черные. **От глаз по бокам головы тянется белая полоса, переходящая на заднюю сторону шеи. На задней части темени и затылке красное пятно, покрытое голой бородавчатой кожей**. Ноги черные. В полете концы крыльев выглядят в виде растопыренных пальцев. Самец немного крупнее самки. У молодых голова оперена, красного цвета нет. В полете шея и ноги вытянуты по прямой. Во время перелетов выстраиваются в крупные стаи клином или углом. Голос – характерное громкое и трубное «курлыканье». Длина – 96-119, размах крыльев – 180-245, рост – 110-125 см, вес – до 6 кг.

<u>Сходства – отличия</u>: от журавля-красавки отличается более крупными размерами, отсутствием черного цвета на груди и белых «косиц» на голове, от серой цапли – формой неизогнутой в полете шеи и наличием «растопыренных пальцев» на конце крыла.

<u>Распространение</u>: от Западной Европы и Малой Азии до Казахстана и Западной Сибири. Зимует в Южной Европе, странах Персидского залива, на юге Узбекистана и Туркменистана, в Афганистане, Пакистане, Индии и Северной Африке.

<u>Образ жизни</u>: в Туркменистане пролетная и зимующая птица. Обитатель открытых ландшафтов, населяет водно-болотные участки. Сезонные миграции растянуты – с

awgustyň aýagyndan noýabra çenli. Guşlar topar we suri bolup gezýärler; olaryň sany uçup geçýän döwründe we gyşlanda Amyderýanyň, Tejen derýasynyň jülgelerinde, Köpetdagyň eteginde 1000-den hem geçýär. Örän hüşgär, şeýle-de bolsa, käte adamy ýakyna goýberýär. Ösümlik (däne, baldak, kökbaldak) we haýwan iýmiti (mör-möjekler, balykgulaklar, maýda gemrijiler, gurbagalar) bilen iýmitlenýär.

Statusy: uçup geçende adaty, käbir ýerlerde köpsanly görnüş, edil beýleki durnalar ýaly asylly-keramatly hasaplanýar, tebigy owadan, çeperçilik ähmiýetli, awlamak gadagan. Köpetdag döwlet goraghanasynyň Mäne-Çäçe çäkli goraghanasynyň nyşany hasaplanýar.

февраля по май и с конца августа по ноябрь. Держатся группами и стаями, которые во время перелетов и, особенно, на местах зимовки, в частности, по долинам Амударьи, Теджена и в предгорьях Копетдага, могут насчитывать до 1000 и более птиц. Осторожная птица, хотя иногда человека подпускает близко. Кормится растительной (зерна, побеги, корневища) и животной (насекомые, моллюски, мелкие грызуны, лягушки) пищей.

Статус: на пролетах обычный, местами многочисленный вид, как и другие виды журавлей, является священным, имеет огромное культурно-эстетическое значение, охота запрещена. Считается знаковым видом Меана-Чачинского заказника Копетдагского государственного заповедника.

### 102. Ak durna – *Crus leucogeranus* – Стерх

Meýdan alamatlary: çal durnadan ölçegleri has uly. **Ýetişen guşlaryň ýelekleri arassa ak, diňe ganatlarynyň ujy gara. Kellesiniň öň tarapyndaky deriniň ýalaňaç ýeri, çüňki we aýaklary açyk-gyzyl**. Horazy mäkiýanyndan ulurak. Ýaşlarynyň reňki çypar tegmilli. Sesi beýleki durnalaryň sesinden tapawutlanýan güýçli kurruklaýjy gykylyk. Uzynlygy – 105-135, ganatlarynyň gerimi – 200-260, boýy – 120-140 sm, agramy 10 kg çenli.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: Özüne mahsus ak reňki bilen beýleki durnalardan, ak ganatlaryndaky gara meýdanyň kiçidigi we kellesiniň öň tarapynda ýalaňaç deriniň açyk-gyzyl reki bilen ak leglekden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürt-geleýän bölegi, tundranyň we Sibiriň demirgazygyndaky tokaýly tundranyň insiz zolagyny eýeleýän, arasy açyk, aýry iki topary tapawutlanýar – günbatar (Ob) we gündogar (ýakut). Gündogar ak durnalary Hytaýda, günbatardakylar – Gazagystanyň, Azerbaýjanyň, Özbegistanyň, Türkmenistanyň, Owganistanyň we Päkistanyň üsti bilen uçup, Eýranda we Hindistanda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän görnüş. Ýazyna – martda-apreliň başyna, güýzine – oktýabryň aýagyndan noýabra çenli uçup geçýär. Migrasiýa döwründe Tejen, Murgap, Garagum, Amyderýa jülgelerinde, Köpetdagyň eteklerinde we Hazaryň kenarýakasynda duşýar we beýleki ýerlerde tötänden gabat gelmegi mümkin. Ösümlikleriň ýerasty baldaklary, ter otlaryň ýapraklary, seýregräk mör-möjekler we maýda gemrijiler bilen iýmitlenýär.

Statusy: örän seýrek görnüş, guşlaryň günbatar populýasiýasy ýitip gitmäniň öň ýanynda durýar. MSOP-yň Gyzyl sahypasyna, Türkmenistanyň, Russiýa Federasiýasynyň, Gazagystanyň, Özbegistanyň we Azerbaýjanyň Gyzyl kitaplaryna girizilen. Awlamak düýpgöter gadagan. Ol baradaky islendik maglumat ylym we görnüşi goramak üçin wajypdyr.

Полевые признаки: очень крупный журавль, больше серого. **Оперение взрослой птицы чисто белое, только концы крыльев черные. Участок голой кожи на передней части головы, клюв и ноги – ярко-красные**. Самец обычно крупнее самки. Окраска молодых с рыжими пятнами. Голос – звонкий курлыкающий крик, отличающийся от голосов других журавлей. Длина – 105-135, размах крыльев – 200-260, рост – 120-140 см, вес – до 10 кг.

Сходства – отличия: от других журавлей отличается характерной белой окраской, от белого аиста – заметно меньшим черным полем на белых крыльях и ярко-красной окраской передней части головы.

Распространение: гнездовая часть ареала занимает узкую полосу тундры и лесотундры на севере Сибири, представлена двумя изолированными популяциями (группировками) – западной (обская) и восточной (якутская). Стерхи восточной зимуют в Китае, западной – в Иране и Индии, куда пролетают через территории Казахстана, Узбекистана, Туркменистана, Азербайджана, Афганистана и Пакистана.

Образ жизни: пролетный вид. Сроки пролета: весной – март-начало апреля, осенью – с конца октября до ноября. В период миграций наиболее вероятны встречи в долинах Теджена, Мургаба, Каракумдарьи, Амударьи, в предгорьях Копетдага и на побережье Каспия, не исключаются случайные встречи и в других местах. Питается корневищами и побегами травянистых растений, иногда насекомыми и мелкими грызунами.

Статус: очень редкий вид, птицы западной популяции находятся на грани исчезновения. Включен в Красный список МСОП, Красные книги Туркменистана, Российской Федерации, Казахстана, Узбекистана. Добыча категорически запрещена. Данные о встречах представляют огромнейший интерес для науки и охраны вида.

### 103. Owadan (akbaş) durna – *Grus virgo* – Журавль-красавка

Meýdan alamatlary: durnalaryň arasynda iň maýdasy. Reňki gögümtil-çal, kellesi, boýny we ganatlarynyň uçlary gara, **kellesiniň gapdallarynda aşaklygyna sallanyp duran uzyn ak ýelekleriň dessejigi bolýar**.

Полевые признаки: из трех наших журавлей наиболее мелкий. Окраска сизо-серая, голова, шея и концы крыльев черные, **по бокам головы имеются пучки длинных, рассученных белых перьев, об-**

Boýnunyň öň tarapyny gara, uzyn ýelek dessejigi ýapýar. Kellesinde ýalaňaç deri meýdançasy bolmaýar. Çüňgi sarymtyl, aýaklary gara. Ýaşlary öçüksi reňkli we goňurrak. Sesi – batly, gyjyrdyly kurruklama. Uzynlygy – 80-100, ganatlarynyň gerimi – 180 çenli, boýy – 90-100 sm, agramy - 2.5-3 kg.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: öl-çegleriniň kiçidigi kellesiniň gapdallarynyň ak ýelek dessejiklidigi we döşüniň gara ýeleklidigi bilen çal durnadan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Ýewraziýanyň, Demirgazyk Amerikanyň sähra we ýarym çöllük ýerleri; Gazagystanda höwürtgeleýär. Günorta Aziýada we Merkezi Afrikada gyşlaýar. Türkmenistanda Amyderýanyň, Murgap, Tejen derýalarynyň jülgelerinde, şeýle-de Köpetdagyň eteklerinde duş gelýär.

Ýaşaýşy: uçup geçýän guş. Ýazyna martyň aýagyndan apreliň aýagyna çenli uçup geçýär. Çal durnadan ýazyna gijiräk, güýzine bolsa, irräk, käte olar bilen sürüde gatyşyp, uçup geçýär. Aglaba, ösümlik iýmiti bilen iýmitlenýär.

Statusy: seýrek görnüş, Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen, edil beýleki durnalar ýaly medeni, gözellik, çeperçilik taýdan gymmatly, tutmak we atyp almak düýpgöter gadagan.

**разующих своеобразные косицы**. **На передней стороне шеи пучок длинных черных перьев**. Участков голой кожи на голове нет. Клюв желтоватый, ноги черные. Молодые тусклее и бурее. Голос – звонкое, скрипучее курлыканье. Длина – 80-100, размах крыльев – до 180, рост – 90-100 см, вес – 2.5-3 кг.

Сходства – отличия: от серого журавля отличается меньшими размерами, пучками белых перьев по бокам головы и черных перьев на груди.

Распространение: степи и полупустыни Евразии, Северная Африка; гнездится в Казахстане. Зимует в Южной Азии и Центральной Африке. В Туркменистане встречается по долинам Амударьи, Мургаба, Теджена, а также в предгорьях Копетдага.

Образ жизни: пролетная птица. Весенний пролет с конца марта до конца апреля. Весной пролетает позже серого журавля, а осенью раньше, изредка отмечается и в смешанных с ним стаях. Питается преимущественно растительной пищей.

Статус: редкий вид, включен в Красную книгу Туркменистана, как и другие журавли имеет культурно-эстетическую ценность, отлов и добыча категорически запрещены.

## Suw towuklary – *Rallidae* – Пастушковые

Maýda we orta ölçeglerdäki guşlar maşgalasy. Görnüşleriniň köpüsiniň, suw ýataklarynyň kenaryndaky gür ötlaryň arasyndan, hereket etmäge amatly bolar ýaly, bedeni gapdallaryndan gysylan. Ganatlary

Семейство птиц мелких и средних размеров. Тело у большинства видов несколько сжатое с боков, приспособленное к передвижениям в густых зарослях по берегам водоемов. Крылья короткие и за-



gysga we tegelenen. Howa seýrek göterilýar, gysga aralygy uçup geçýär, emma möwsümleýin migrasiýa döwründe uzak aralygy gonman uçup geçmäge ukyply bolýarlar. Esasan, gijesine uçup geçýärler. Uzyn hem inçe barmaklary batgalyk ýerlerde hereket etmäge ýa-da otlaryň baldaklaryna dyrmaşmaga mümkinçilik berýär. Görnüşleriň kabirleriniň barmaklary ýüzgüç gasynly bolýar, suwda diňe bir ýüzmän, eýsem, çümüp hem bilýärler. Kenarýaka jeňňelliklerde we yzgarly otluk çemenliklerde ýaşaýarlar. Maýda oňurgasyzlary (balykgulaklar, mör-möjekler), ösümlikleriň tohumlaryny, suwotulary we suwýakasynda ösýän ösümlikleriň ýaşajyk baldajyklaryny iýýärler. Türkmenistanda 8 görnüş bar.

кругленные. Обычно редко поднимаются в воздух, совершают короткие перелеты, но во время сезонных миграций способны покрывать большие расстояния без посадки. Преимущественно ночные мигранты. Пальцы длинные, тонкие, позволяющие легко передвигаться на топких местах, либо лазать в траве, захватывая пальцами пучки стеблей. Некоторые виды имеют на пальцах плавательные лопасти и могут хорошо плавать и даже нырять. Обитатели прибрежных зарослей и сырых лугов. Пища – мелкие беспозвоночные (моллюски, насекомые), семена, водоросли и молодые побеги прибрежных растений. В Туркменистане - 8 видов.

### 104. Bukanja ýelbe – *Rallus aquaticus* – Пастушок

Meýdan alamatlary: bedeneden ulurak, kepderiden kiçi. Bedeniniň üstki tarapy **dik uly gara tegmilli** ýaşylymtyl-goňur. Aşaky tarapy garamtyl, böwürleri **inli kese zolaklanan** mawumtyl-çal, **guýrugynyň aşagy açyk reňkli. Çüňki we aýaklary uzyn, barmaklary has uzyn**. Bokurdagy gyşky ýelek örtügin-de agymtyl. Aşaklygyna sähelçe egmek uzyn çüňkiniň üsti goňur, aşagy -mämişi-gyzyl. Aýaklary gyzylymtyl-goňur. Ýörände gysga guýrugy ýokary galyp silkinýär. Gykylykçy, sesi gaýtalanýan “uit-uit-uit” ýa-da pert “tilk”. Uzynlygy - 230-260, ganaty – 100-130, çüňki – 30-45 mm, agramy – 140 g. golaý.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: uzyn çüňküniň aşaklygyna çalarak egmekdigi bilen çypar ýelbeden we ýelbeden tapawutlanýar.

Полевые признаки: меньше голубя, чуть крупнее перепела. Окраска верхней стороны тела зеленовато-бурая, с большими черными продольными пестринами. Нижняя сторона темная, голубовато-серая **с широкими поперечными полосами на боках, подхвостье светлое. Клюв и ноги удлиненные, пальцы очень длинные**. В зимнем оперении горло беловатое. Верх длинного, слегка изогнутого книзу клюва бурый, низ оранжево-красный. Ноги красновато-бурые. При ходьбе подергивает поднятым кверху коротким хвостом. Криклив, голос – повторяющееся «уить-уить-уить» или резкое «тильк». Длина – 230-260, крыло – 100-130, клюв – 30-45 мм, вес – около 140 г.

Сходства – отличия: от коростеля и погонышей отличается

Ýaýran ýerleri: Günbatar Ýewropadan Ýaponiýa çenli. Orta Aziýada giň ýaýran, Türkmenistada suw-batgalyk ýerleriň hemmesinde - Hazar deňziniň kenarýakasynda, çöllük ýerlerdäky suw ýataklarynda gabat gelýär. Ortaýer deňzinden gündogara Arabystan ýarym adasynyň üstünden Günorta-Gündogar Aziýa çenli gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän we gyşlaýan görnüş, guşlaryň bir böleginiň oturymly ýaşaýan bolmagy hem mümkin. Ýazky migrasiýasy mart-aprelde, güýzkisi– sentýabr-oktýabrda. Derýalaryň, kölleriň we suw howdanlaryň gamyşlyk, ýe-kenlik, çaýyrlyk meýdançaly batgaly ýerlerinde ýaşaýar. Aprel-maý aýlarynda höwürtgeleýär, gamyş üýşmekleriniň bukyja ýerinde, gury otlaryň sypallaryndan höwürtge gurýar. 5-10 sany gyzylymtyl-goňur meneklenen çypar reňkde bolan ýumurtgalary goýýar. Iňrik garalanda we gijesine işjeň hereketde bolýar. Mör-möjekler, ösümlikleriň üstündäki, şeýle-de olaryň ýere gaçan däneleri bilen iýmitlenýär.

Statusy: adaty, käbir ýerde az sanly görnüş, onuň aw ähmiýeti ýok, şeýle-de bolsa ýurtlaryň birnäçesinde höwesjeň awçylaryň aw guşy hasaplanylýar.

длинным, слегка изогнутым книзу клювом.

Распространение: от Западной Европы до Японии. В Средней Азии распространен широко, в Туркменистане встречается почти повсеместно, приурочен к водно-болотным угодьям, включая не только побережье Каспия, но и водоемы в пустынных районах. Зимует от Средиземного моря на восток через Аравийский полуостров до Юго-Восточной Азии.

Образ жизни: пролетный, гнездящийся и зимующий вид, часть особей, возможно, ведет оседлый образ жизни. Весенняя миграция – в марте-апреле, осенняя – в сентябре-октябре. Обитает в топких местах побережий рек, озер и водохранилищ, заросших камышом, тростником, осокой. Гнездование – в апреле-мае, гнездо строит из сухих стеблей на кочке или в тростнике, в укрытом месте. Кладка – 5-10 яиц рыжего фона с красно-коричневыми пятнами. Активен, преимущественно, в сумерках и ночью. Питается насекомыми, которых собирает как с растений, так и поверхностных слоев почвы.

Статус: обычный, местами немногочисленный вид, у нас охотничьего значения не имеет, хотя в ряде стран считается объектом любительской охоты.

### 105. Ýelbe (suw towugy) – *Porzana porzana* – Погоныш

Meýdan alamatlary: orta jüýje ölçegli. Garamtyl reňkli, **üsti** açyk we garamtyl tegmilli **çalymtyl - goňurrak-ýaşylymtyl, aşak tarapy** ak tegmillerde **gögümtil-çal**, böwürleri **kese zolakly**, garnynyň ortasy agymtyl, **guýrugynyň aşagy zolaksyz**. **Çüňküniň düýbi gyzyl, ujy ýaşylymtyl-sary**, aýaklary ýaşylymtyl. Reňki gyşky bezeginde has açygrak. Ýaşlary gyşky bezeginde uly guşlara çalymdaş, emma döşi ak reňkli we garny çyparrak öwüşginli. Sesi ýiti sykylyklanma bolup, uzakdan eşidilýär. Uzynlygy – 190-225, ganaty – 100-125 mm, agramy - 100 g golaý.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: **guýrugynyň aşagynyň ala däldigi, sarymtyldygy** we ölçegleriniň has ulurakdygy bilen beýleki ýelbelerden; reňkiniň garamtyldygy we çüňküniň düýbüniň gyzyldygy bilen çypar ýelbeden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: endigan däl, "tegmilleýin" – Ýewropanyň araçäginden Günbatar Sibire we Demirgazyk Gazagystana çenli ýaýran. Orta Aziýada, esasan, suw-batgalyk ýerleri, Türkmenistanda – Hazar deňziniň kenarýakasyndan Amyderýa çenli gabat gelýär. Hindistanda, Päkistanda we Gündogar Afrikada gyşlaýar, az bölegi Orta Aziýanyň günorta taraplarynda gyşlamaga galýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän görnüş, käbir görnüşleriniň gyşlamaga galmaklary mümkin. Ýazyna-martyň ortasyndan apreliň aýagyna çenli, güýzüne – sentýabr-oktýabrda. Gijesine uçup geçýär. Guşlar günüň dowamynda, emma iňrik garalanda, aýratyn-da, gijesine işjeň bolýar, ýaşyryn gezýär. Aglaba, mör-möjekler, balykgulaklar, seýregräk ösümlikleriň tohumlary we suwotular bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sanly, gowşak öwrenilen guş. Ikinji orunly sport aw guşy, Türkmenistanda beýleki suwda ýüzýän guşlar bilen, tötänden

Полевые признаки: размером со среднего цыпленка. Окраска темная, сверху серо-буро-зеленая со светлыми и темными пестринами, **нижняя сторона голубовато-серая** с белыми пятнами, **на боках поперечные полосы**, середина брюшка беловатая, **подхвостье не полосатое**. **Основание клюва красное, конец зелено-желтый**, ноги зеленоватые. В зимнем наряде окраска заметно светлее. Молодые похожи на взрослых в зимнем оперении, но белый цвет на груди и брюхе с рыжим оттенком. Голос – далеко слышное резкое посвистывание. Длина – 190-225, крыло – 100-125 мм, вес – около 100 г.

Сходства – отличия: от других погонышей **отличается не полосатым желтоватым подхвостьем** и более крупными размерами, от коростеля – темной окраской и красным основанием клюва.

Распространение: неравномерное, «пятнистое» – от побережья Европы до Западной Сибири и Северного Казахстана. В Средней Азии встречается, главным образом, по водно-болотным угодьям, в Туркменистане от побережья Каспия до Амударьи. Зимует в Индии, Пакистане и Восточной Африке, незначительная часть остается в южных районах Средней Азии.

Образ жизни: пролетный вид, возможно, отдельные птицы остаются на зиму. Сроки пролета: весной – с середины марта до конца апреля, осенью – в сентябре-октябре. Миграцию совершает в ночное время. Активен круглосуточно, но, особенно, в сумерки и ночью, скрытная птица. Питается, преимущественно, насекомыми, моллюсками, реже семенами растений и водорослями.

Статус: немногочисленная, слабоизученная птица. Второстепенный объект спортивной охоты, в

tutulýar.

Туркменистане добывается случайно при охоте на водоплавающую дичь.

## 106. Kiçi suw towugy – *Porzana parva* – Малый погоныш

<u>Meýdan alamatlary</u>: sar ölçegli kiçiräk guş. **Üstki tarapy** garamtyl tegmillenen **çalymyl - goňurrak-ýaşyl, bokurdagy we aşagy gögümtil-çal, böwürleri anyk zolaksyz, guýrugynyň aşagy ala, gara-ak, çüňküniň düýbi gyzyl we ujy sary**, aýaklary ýaşylymtyl-goňur. Mäkiýany horazyna garanyňda, açyk reňkli, onuň bokurdagy ak, garny öçügsi-çypar. Ýaşlary mäkiýana görä ýagtyrak, böwürleri goňur kese zolakly, goňurrak çüňkli. Sesi uzakdan eşidilýan warryldyly owaz "kua-kua". Uzynlygy – 170-190, ganaty – 94-107 mm, agramy- 50 g golaý.

<u>Meňzeşlikleri-tapawutlary</u>: çüňküniň düýbiniň gyzyldygy we böwürlerinde anyk zolaklaryň ýokdygy (ýaş guşlarda – diňe birinji uçuş ýeleginiň daşky ýelpewajynyň reňki goňur) bilen jüýje ýelbeden, ölçegleriniň kiçidigi we guýruk astynyň aladygy bilen ýelbeden tapawutlanýar.

<u>Ýaýran ýerleri</u>: Günbatar Ýewropadan Orta Sibiriň günortasyna, Gazagystanyň demirgazyk bölegine çenli, Orta Aziýada ýaýran. Türkmenistanda derýalaryň jülgelerinde (Amyderýa, Garagum, Murgap, Tejen, Etrek), Hazaryň gündogar kenarynda we beýleki suw-batgalyk ýerlerde duşýar. Ýaýrawy endigan däl. Ýewropanyň günortasynda, Alynky Aziýada, Orta Aziýanyň günorta böleginde, Demirgazyk Hindistanda, Gündogar Afrikada gyşlaýar.

<u>Ýaşaýşy</u>: uçup geçýän, bölekleýin höwürtgeleýän we gyşlaýan görnüş. Ýazyna-mart-maý aýlarynda, güýzüne – sentýabr-noýabryň ikinji ýarymynda uçup geçýär. Dürli landşaftlarda gabat gelýär, emma suwbatgalyk ýerlere ýakyn çekilýär. Örän ýaşyryn gezýän guş, suwda gowy ýüzýär. Apreliň aýagynda we maýda aýratyn jübüt bolup, gür otlaryň arasynda, suwdaky könelşen gamyş dykynlarynyň üýşmeklerinde ýa-da gury kenarda höwürtgeleýär. 6-9 sany gyzylymtyl meneklenen sarymtyl-çalymtyl-goňur reňkli ýumurtgalary goýýar. Oňurgasyzlar (mör-möjekler, gurçuklar, balykgulaklar), şeýle-de suw ösümlikleriň tohumlary we ýaşajyk baldajyklary bilen iýmitlenýär.

<u>Statusy</u>: sany ýokary däl. Aw ähmiýeti ýok.

<u>Полевые признаки</u>: небольшая птица размером со скворца. Верх серо-буро-зеленый с темными пестринами, **шея и низ сине-серые, без резких полос на боках, подхвостье полосатое, черно-белое, клюв красный у основания и желтый на конце**, ноги зеленовато-бурые. Самка окрашена светлее, чем самец, горло у нее белое, а брюшко бледно-рыжее. Молодые светлее, чем самка, по бокам тела бурые поперечные полосы, клюв буроватый. Голос – далеко слышная квакающая трель «куа-куа». Длина – 170-190, крыло – 94-107 мм, вес – около 50 г.

<u>Сходства – отличия</u>: от погоныша-крошки отличается красным основанием клюва и отсутствием резких полос на боках (молодые – только бурым цветом наружного опахала первого махового пера), от погоныша – мелкими размерами и полосатым подхвостьем.

<u>Распространение</u>: от Западной Европы до юга Средней Сибири, северная часть Казахстана, Средняя Азия. В Туркменистане – по долинам рек (Амударья, Каракумдарья, Мургаб, Теджен, Этрек), восточному побережью Каспия, по другим водно-болотным угодьям. Распространен неравномерно. Зимует на юге Европы, в Передней Азии, южной части Средней Азии, Северной Индии, Восточной Африке.

<u>Образ жизни</u>: пролетный, частично гнездящийся и зимующий вид. Сроки пролета: весной – в марте-мае, осенью – в сентябре-первой половине ноября. Встречается в различных ландшафтах, но тяготеет к водно-болотным участкам. Очень скрытная птица, хорошо плавает. Гнездится отдельными парами с конца апреля, в мае. Гнезда по берегам заросших растительностью водоемов, обычно на плавучих скоплениях прошлогоднего тростника или же на сухом берегу. Кладка 6-9 желтовато-серо-бурых с красноватыми крапинками яиц. Питается беспозвоночными (насекомые, черви, моллюски), а также семенами и побегами водных растений.

<u>Статус</u>: численность, видимо, не велика. Охотничьего значения не имеет.

## 107. Jüýje ýelbe – *Porzana pusilla* – Погоныш-крошка

<u>Meýdan alamatlary</u>: kiçi suw towuk ölçegli we reňki boýunça çalymdaş, emma maýda, **böwürleri kese-ala çyzykly**. Umumy reňki goýy-goňur, arkasy açyk çala görünýän tegmilli. **Guýrugynyň aşagy we bedeniniň aşagy gara-ak zolakly, ol döşüniň aşaky bölegine çenli ýetýär. Ganatlarynyň gyrasynda insiz ak zolaklar uçýan wagty görünýär**. Inçeden gysga çüňküniň düýbi ýaşylymtyl reňkli, aýaklary sarymtyl. Sesi assaja sykylyklanma. Uzynlygy – 120-150, ganaty – 50-105 mm, agramy - 50 g golaý.

<u>Meňzeşlikleri-tapawutlary</u>: ölçegleriniň has maýdadygy bilen ýelbeleriň ählisinden, çüňküniň düýbüniň ýaşyldygy, böwürleriniň anyk zolaklydygy, aýaklarynyň sarymtyldygy (ýakyn aralykdan birinji pelpelleýiş ýelekleriniň daşky

<u>Полевые признаки</u>: размером и по окраске похож на малого погоныша, но мельче, **бока резко поперечно-полосатые**. Общий тон окраски темно-бурый, на спине малозаметные светлые пестрины. **Черно-белые полосы на подхвостье и нижней стороне тела доходят до нижней части груди. В полете видны узкие белые полосы по краям крыльев**. Основание относительно тонкого короткого клюва зеленоватого цвета, ноги желтоватые. Голос – негромкое посвистывание. Длина – 120-150, крыло – 50-105 мм, вес – около 50 г.

<u>Сходства – отличия</u>: от всех погонышей отличается наименьшими размерами, от малого – зеленым основанием клюва, резкими полосами на боках, желтоватыми ногами (в непосредственной близости

ýelpewaçlarynyň akdygy görünýär) bilen ýelbedan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Ýewraziýa, Afrika, Awstraliýa, Orta Aziýa – uly derýalaryň jülgelerinde. Türkmenistanda Amyderýanyň, Garagum, Murgap, Tejen derýalarynyň jülgelerinde, Köpetdagyň eteklerinde duşýar. Uçup geçende giňişleýin ýaýraýar. Afrikada we Günorta Aziýada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän, bölekleýin gyşlaýan görnüş. Aprel-maýda we sentýabr-oktýabrda uçup geçýär. Ösümliklere baý köllerde ýaşaýar (gamyş, ýeken we başg.), köplenç iňrik garalanda we gijesine işjeň bolýar. Maý-iýun aýlarynda höwürtgeleýär, 6-9 sany gyzylymtyl-çypar meneklenen sarymtyl - çalymtyl - goňur reňkli ýumurtgalary goýýar. Mör-möjekler, balykgulaklar, gurçuklar, seýrek suw ösümlikleriniň tohumlary bilen iýmitlenýär.

Statusy: sany anyklanmadyk, kiçi suw towugyňkydan biraz ýokary bolmagy mümkin, aw ähmiýeti ýok, bizde heniz öwrenilmedik görnüş.

можно видеть белое наружное опахало первого махового пера).

Распространение: Евразия, Африка, Австралия, в Средней Азии – по долинам крупных рек. В Туркменистане – долины Амударьи, Каракумдарьи, Мургаба, Теджена, в предгорьях Копетдага. На пролете встречается широко. Зимует в Африке и Южной Азии.

Образ жизни: пролетный, гнездящийся, частично зимующий вид. Пролет – в апреле-мае и сентябре-октябре. Населяет озера с обильной растительностью (камыш, тростник и др.), активен, преимущественно, в сумерки и ночью. Гнездится в мае-июне, кладка из 6-9 желтовато-серо-бурых с красновато-рыжими крапинками яиц. Кормится насекомыми, моллюсками, червями, реже семенами водных растений.

Статус: численность неизвестна, по-видимому, несколько выше, чем у малого погоныша, охотничьего значения не имеет, у нас почти не изученный вид.

### 108. Çypar ýelbe – *Crex crex* – Коростель

Meýdan alamatlary: jokjokydan ulurak. **Çüňki gysga we konusşekilli, sarymtyl reňkli. Reňki goňurrak-çalymtyl-çypar** bolup, arkasy alarak, böwürleri kese ak zolakly, bokurdagy agymtyl, döşi we petekesi çyparrak-çal, ganatlary poslurak-goýy-çypar reňkli. Ýerde örän çalt ylgaýar, howa islegsiz göterilýär, gyzga aralyga ýerläp uçanda, uzyn aýaklary tagaşyksyz sallanýar. Sesi – uzakdan eşidilýär, garyljyk gykylyk “krek-krek…”. Uzynlygy – 250-290, ganaty – 125-148 mm, agramy - 150 g golaý.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: çüňüniň gysgadygy bilen bukanja ýelbeden, çypar reňki bilen ýelbeden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Ýewropanyň günbatar araçäginden gündogara-Günorta Sibire çenli ýaýran. Orta we Merkezi Aziýada diňe Gazagystanyň demirgazygynda we gündogarynda, Altaýda höwürtgeleýär. Merkezi we Günorta Afrikada, Madagaskarda gyşlaýar. Türkmenistanda Hazar deňziniň gündogar kenaryndan Amyderýa çenli, möwsümleýin uçup geçýän döwründe hemme ýerlerde duşýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän görnüş. Dürli landşaftlarda ýaşaýar, köplenç oazislere ýakynlaşanyny gowy görýär. Ýazyna–aprel-maýda, güýzüne – awgustyň ortasyndan oktýabryň aýagyna çenli uçup geçýär. Mör-möjekler, gurçuklar, ösümlikleriň tohumlary bilen iýmitlenýär.

Statusy: sany çäkli, aýratyn-da, ýurduň gündogar böleginde. Käbir ýurtlarda çypar ýelbe ikinji derejeli sport aw guşy hasaplanylýar, emma Türkmenistanda däl.

Полевые признаки: несколько крупнее дрозда. **Клюв короткий, более конический, желтоватого цвета. Окраска буровато-серовато-рыжая** с пестринами на спине и белыми поперечными полосами на боках, горло беловатое, **грудь и зоб рыже-серые**, крылья ржавчато-темно-рыжие. Бегает очень быстро, взлетает неохотно, при низком полете на короткие расстояния длинные ноги свисают неуклюже. Голос – далеко слышный, скрипучий крик «крэк-крэк…». Длина – 250-290, крыло – 125-148 мм, вес – около 150 г.

Сходства – отличия: от пастушка отличается коротким клювом, от погонышей – рыжеватой окраской.

Распространение: от западных границ Европы на восток до Южной Сибири. В Средней и Центральной Азии гнездится только на севере и востоке Казахстана, на Алтае. Зимует в Центральной и Южной Африке, на Мадагаскаре. Во время сезонных перелетов в Туркменистане встречается почти повсеместно, от восточного побережья Каспия до Амударьи.

Образ жизни: пролетный вид. Обитатель различных ландшафтов, больше тяготеет к оазисам. Весенний пролет поздний и растянут – в апреле-мае, осенний – с середины августа по октябрь. Питается насекомыми, червями, семенами растений.

Статус: численность ограничена, особенно в восточной части страны. В некоторых странах считается второстепенным объектом спортивной охоты, но в Туркменистане таковым не является.

### 109. Suw towugy – *Gallinula chloropus* – Камышница

Meýdan alamatlary: aýaklary uzyn, sakarbarakdan kiçi. Beden gurluşy dykyz, barmaklarynyň arasy ýüzüş perdesiz. **Reňki gara, kellesi we döşi tutuk-gara, arkasy we ganatlary garamtyl-goňur, guýrugynyň aşagy we böwürlerindäki zolak ak. Çüňki gysga we maňlaýynyň sakar ýeri gyzyl, çüňküniň ujy sary**, aýaklary ýaşylymtyl. Ýaşlary açyk-goňur, çüňki çalymtyl-sary reňkli, maňlaýynda sakar ýeri ýok. Açyk suw giňişlginde oňat ýüzýär we aýaklarynyň hereketinde

Полевые признаки: меньше лысухи, на длинных ногах. Телосложение плотное. Пальцы без плавательных перепонок. **Окраска темная, голова и грудь матово-черные, спина и крылья черно-буроватые, подхвостье и полоса на боку белые. Небольшой клюв и бляшка на лбу красные, конец клюва желтый**, ноги зеленоватые. Молодые – светло-бурые, клюв серо-желтый, без бляшки на лбу. На открытой воде хорошо плавает и

kellesi öňe-yza uzaýar, ýerde ýörände jaýtaryp duran guýrugy sandyraýar. Seýrek we höwessiz uçýar. Sesi dürli döwürde dürli, adatça howpdan gorkanda batly "krruuk" we howa göterlende gaýtalanýan "kek-kek". Uzynlygy – 270-350, ganaty – 160-190 mm, agramy - 300 g golaý.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: ölçegleriniň kiçidigi, çüňküniň we sakar ýeriniň gyzyl reňklidigi bilen sakarbarakdan, reňkiniň garamtyldygy bilen beýleki suw towuklardan tapawutlanýar. Meýdanda özüni alyp barşy we ýaşyryn gezişi, edil soltantowuk ýaly. Sakarbarakdan esasy tapawudy ol hiç wagt uly sürä toplanmaýar.

Ýaýran ýerleri: giň – Ýewraziýanyň, demirgazyk we demirgazyk-gündogar welaýatlaryndan başgalarynda, Merkezi we Günorta Afrikanyň, Amerikanyň, demirgazyk we günortasyndan başga ýerlerinde. Orta Aziýada amatly suw ýataklaryň ählisinde. Türkmenistanda–Hazar deňziniň gündogar kenaryndan Amyderýa çenli höwürtgeleýär. Ýewropanyň günbatarynda we günortasynda, Kiçi, Alynky we Orta Aziýanyň günortasynda, Günorta-Gündogar Aziýada gyşlaýar.

Ýaşaýşy:. höwürtgeleýär, uçup geçýär we gyşlaýar, bir bölegi otu-rymly ýaşaýar. Ýazyna–mart-aprelde,güýzine-sentýabr-oktýabrda uçup geçýär. Ýata suwlaryň, derýalaryň, kölleriň, suwaryş we zeý akabalaryň gamyşlyk ýerlerini halaýar. Gyrymsylaryň, dürli otlaryň sypallaryndan ýarymşarşekilli höwürtge guryar we ony suw basan gyrymsylaryň aşagynda ýa-da buky ýerde ýerleşdirýär. Maý-iýulda 1-6 sany ownuk nokatly melemtil ýa-da

в такт движению кивает головой, при ходьбе подергивает коротким приподнятым хвостом. Летает редко и неохотно. Голос различен в разное время, обычно, при испуге – громкое «крруук» и повторяющееся «кек-кек» в воздухе. Длина – 270-350, крыло – 160-190 мм, вес – около 300 г.

Сходства – отличия: от лысухи отличается меньшими размерами, красным цветом клюва и бляшки, от других пастушковых – темной окраской. Поведение такое же скрытное как у султанки. В отличие от лысухи никогда не собирается в большие стаи.

Распространение: широкое – Евразия, исключая северные и северо-восточные области, Центральная и Южная Африка, Америка, исключая северные и южные области. В Средней Азии гнездится во всех подходящих водоемах, в Туркменистане – от восточного побережья Каспия до Амударьи. Зимовки на западе и юге Европы, в Малой, Передней и на юге Средней Азии, также в Юго-Восточной Азии.

Образ жизни: гнездится, пролетает и зимует, часть особей оседла. Пролет весной – в марте-апреле, осенью – в сентябре-ноябре. Предпочитает камышовые заросли по берегам стоячих водоемов близ рек, озер, оросительных и дренажных каналов. Гнездо полушаровидной формы из веточек и сухих стеблей, располагается на затопленных кустах или на земле, всегда хорошо укрытое. Размножение с мая по июль, кладка обычно из 1-6 кремово или коричневато-рыжеватых с мелкими крапинками яиц. За сезон



goňurrak-çypar reňkli ýumurtgalary goýýar.Möwsümde iki gezek jüýjeleýär.Suwdaky mör-möjekler we olaryň liçinkalary, balykgulaklar, şeýle-de ösümlik iýmiti bilen iýmitlenýär.

Statusy: adaty, käbir ýerlerde köp sanly guş. Awçylaryň aw guşy, emma seýrek atylyp alynýar.

птенцов выводит дважды. Питается водными насекомыми и их личинками, моллюсками, а также растительной пищей.

Статус: обычная, местами многочисленная птица. Считается охотничьим видом, но добывается редко.

### 110. Soltantowuk – *Porphyrio porphyrio* – Султанка

Meýdan alamatlary: sakarbarakdan biraz ulurak. Çüňki daýaw, gapdallaryndan gysylan. Aýaklary uzyn, barmaklarynyň arasy ýüzgiç perdesiz. **Reňki metal öwüşginli ýaşylymtylgök, arkasy we garyn tarapy syýa reňkli, guýrugynyň aşagy ak. Aýaklary, çüňki we maňlaýyndaky sakar ýeri mämişi-gyzyl**. Ýaş guşlar birmeňzeş reňkli, emma has öçügsi. Sesi yzly-yzyna gaýtalnýan iňňildi – "kro-o" ýa-da "a-a-a". Ýerden göterilip, onlarça metr uçanyndan soň gonup, ýene-de bukulýar. Uzynlygy – 450-500, ganaty – 257-286 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: görnüşleriň arasynda meňzeşi ýok, ýagty reňk daşky sypatyna häsiýetli. Meýdanda özüni alyp barşy edil suw towugynyňky ýaly

Ýaýran ýerleri: arealy bölünen – Günorta-Gündogar Ýewropa, Hazar deňzi, Pars aýlagy, Afrika, Sahara çölünden başga ýeri, Günorta, Günorta-Gündogar Aziýa, Awstraliýa, Täze Zelandiýa, Polineziýa. Türkmenistanda – Etrek derýasynda, Hazar deňziniň kenarynda, Merkezi Garagumuň günorta böleginiň suw-batgalyk ýerlerinde (kanallar, akyndy köller) duşýar, olaryň Murgap, Guşgy we Amyderýa jülgelerine aralaşmaklary hem mümkin.

Ýaşaýşy: oturymly guş, ýaşyryn ýaşaýar. Esasy duşýan ýerleri gür

Полевые признаки: несколько крупнее лысухи. Клюв массивный, сжатый с боков. Ноги высокие, пальцы без плавательных перепонок. **Общая окраска зеленовато-голубая с металлическим отливом, спина и брюшная сторона фиолетовые, подхвостье белое. Ноги, клюв и бляшка на лбу – оранжево-красные**. Молодые птицы окрашены сходно, но более тускло. Голос – неоднократно повторяющийся стон – «кро-о», или «а-а-а». Взлетев, пролетает несколько десятков метров и вновь затаивается. Длина – 450-500, крыло – 257-286 мм.

Сходства – отличия: сходных видов нет, внешность характерная, окраска яркая. Поведение такое же скрытное как у камышницы.

Распространение: ареал разобщен – Юго-Западная Европа, Каспий, Персидский залив, Африка, исключая Сахару, Южная и Юго-Восточная Азия, Австралия, Новая Зеландия, Полинезия. В Туркменистане – по Этреку, побережью Каспия, водно-болотным угодьям (каналы и сбросовые озера) южной части Центральных Каракумов, не исключено проникновение в долины Мургаба, Кушки и Амударьи.

Образ жизни: живет оседло, ведет скрытый образ жизни. Ха-

ösen gamyşlyk jeňňellikleri. Aýratyn jübüt bolup höwürtgeleýär, gamyş sypallarynyň üýşmeklerinde we döwlen gamyşlaryň üstünde höwürtge gurýar. Apreliň ortasyndan iýun aralykda köpelýär. 3-6, käte 9 sany goňur meneklenen çyparrak reňkli ýumurtgalary goýýar. 22-25 gün kürk bolup oturýar. Suw ösümlikleriniň pudajyklary, tohumlary, ýerasty baldaklary we ýeken baldaklarynyň özeni, suw we ýerüsti oňurgasyzlar bilen iýmitlenýär.

Statusy: seýrek guş, baş sany üýtgäp durýar, Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen, Hazar döwlet goraghanasynyň guşlarynyň iň täsin wekilleriniň biri.

рактерные местообитания – густые камышовые заросли. Гнездится отдельными парами, гнезда устраивает на кочках и заломах тростника. Размножение с середины апреля по июнь. В кладке 3-6, иногда 9 яиц рыжеватого цвета с небольшими коричневыми пятнами. Яйца насиживаются 22-25 дней. Питается побегами, семенами водных растений, корневищами и основаниями стеблей рогоза, водными и наземными беспозвоночными.

Статус: редкая птица, численность подвержена колебаниям, включена в Красную книгу Туркменистана. Один из интересных представителей птиц Хазарского заповедника.

### 111. Sakarbarak – *Fulica atra* – Лысуха

Meýdan alamatlary: kiçiräk ördek ölçegli guş. **Reňki tutuşlygyna gara, döşi we garny çalymtyl öwüşginli. Çüňki gysga we maňlaýyndaky derisypat sakar ýeri ak**. Barmaklary kiçiräk parawuzly (perdeli), aýaklary çal. **Ýaşlarynyň bokurdagy we boýnunyň öňki bölegi ak, aşagy çal**. Suwda oňat ýüzüp we çümüp bilýär, ýüzen wagty aýaklarynyň hereketine kellesini öňe-yza ýaýkaýar. Suwdan uçanda, ganatlarynyň we aýaklarynyň kömegi bilen ylgap, suwy töweregine syçyradyp, ýokary göterilýär. Aýaklaryny yza uzadyp, çalt we göni ugur boýunça uçýar. Sesi çasly gykylyk we çagyryş owazly. Uzynlygy – 360-420, ganaty – 190-230 mm, agramy - 900 g golaý.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: suwda oturan guşuň gabarasy ördekleriňkiden anyk tapawutlanýar; suw towuklaryň beýleki görnüşleriden ölçegleriniň uludygy, reňkiniň garamtyldygy we maňlaýynyň sakardygy bilen tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi – Ýewraziýanyň günorta bölegi, Awstraliýa. Türkmenistanda giň yaýran, höwürtgeleýän döwründe – uly derýalaryň jülgelerinde, köllerde, höwürtgelemeýän döwri – Hazar deňziniň kenarýakasynda, şeýle - de içki suw ýataklarynda duşýar. Area-lynda höwürtgeleýän yerleriniň günortasynda, şeýle-de Afrikanyň denirgazygynda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: höwürtgeleýär, uçup geçýär, gyşlaýar, bir bölegi oturymly ýaşaýar. Dürli landşaftlardaky süýji we duzly suw ýataklarynda mesgen tutýar. Höwürtgesini gamyşdan, inçejik pürlerden we otlaryň sypallaryndan, ösgün otlaryň arasynda gurýar. Maý aýynda howürtgeleýär, 3-6 sany, käte 10-15-e çenli, çypar ýokundyly we gara meneklenen çalymtyl reňkli ýumurtgalary goýýar. Iýulyň aýagynda topar we süri bolup gezýän jüýjeleri duşýar. Migrasiýa döwründe we gyşda örän uly süri toparlaryny döredýärler. Suw ösümlikleri we oňurgasyzlary, seýrek maýda balyklar bilen iýmitlenýär.

Statusy: köp sanly, käbir ýerlerde örän köp sanly guş. Höwesjeň awçylaryň aw guşy (ýerli ady – "kaçkaldak").

Полевые признаки: величиной с небольшую утку. **Окраска сплошь черная с сероватым оттенком на груди и брюхе. Короткий клюв и кожистая бляшка на лбу белые**. Пальцы с небольшими перепонками, ноги серые. **У молодых горло и передняя часть шеи белые, низ серый**. Хорошо плавает и ныряет, при плавании в такт движению ног покачивает головой. С воды взлетает, разбегаясь, разбрызгивая воду и помогая крыльям ногами. Полет быстрый и прямолинейный, с вытянутыми назад ногами. Голос – широкий диапазон зычных криков и позывов. Длина – 360-420, крыло – 190-230 мм, вес – около 900 г.

Сходства – отличия: силуэт птицы, сидящей на воде, сильно отличается от утиного; от других пастушковых отличается крупным размером, темной окраской и белой бляшкой на лбу.

Распространение: гнездовая часть ареала – южная половина Евразии, Австралия. В Туркменистане распространена широко, в гнездовое время – долины крупных рек, озера, в негнездовое время – как на побережье Каспийского моря, так и на внутренних водоемах. Зимовки в южных областях гнездовой части ареала, а также на севере Африки.

Образ жизни: гнездится, пролетает, зимует, часть особей живет оседло. Населяет пресные и соленые водоемы в различных ландшафтах. Гнездо – сравнительно большая постройка из камыша, тонких веток и травяных стеблей, расположено обычно среди зарослей водной растительности. Гнездится в середине и до конца мая. Кладка из 3-6 яиц (иногда до 10-15) сероватого цвета с рыжеватым налетом и черными крапинками. С конца июля начинают попадаться группами и стайками, в период миграции и зимой образуют очень большие скопления. Питается водными растениями и беспозвоночными, редко мелкой рыбой.

Статус: многочисленная, местами очень многочисленная птица. Объект любительской охоты (местное охотничье название – "качкалдак").

## Toklutaýlar – *Otididae* – Дрофиные

Beden gurluşy dykyz, uly we orta ölçegdäki guşlar. Boýny uzyn we ýogyn, çüňki daýaw we güýçli. Ýelek örtügi gaty we dykyz. Aýaklary uzyn, daýaw, ýöremek we ylgamak

Крупные и средних размеров птицы плотного телосложения. Шея длинная и довольно толстая, клюв крепкий, короткий. Оперение жесткое и плотное. Ноги относи-

üçin uýgunlaşan. Barmaklarynyň aşak ýüzi maýyşgak gaty ýassyjakly. Uçuşy çakgan, emma az öwrümde, göni uçýar. Sähra, ýarym çöllük, çöllük meýdanlarda ýaşaýar. Guşlar monogam (togdary, bezbeltek) ýa-da poligam (toklutaý) bolýarlar. Ýumurtgalary adaty ýa-da gysgalan-ýumurtgaşekilli. Görnüşleriň birinde (togdary) jyns tapawudy reňki boýunça anyk bildirýär, beýlekilerinde ol tapawut ýok. Höwürtgeländen soňky döwürde, süri bolup gezýärler. Ösümlik (pudagy, tohumy), şeýle-de haýwan iýmiti (mör-möjekler, balykgulaklar, kämahal syçanşekilli gemrijiler) bilen iýmitlenýärler. Maşgalada 22 görnüş, şolaýň 3-si Türkmenistanda.

тельно длинные, крепкие, хорошо приспособленные для ходьбы и бега. На нижней стороне пальцев жесткие упругие подушечки. Летают активным, но мало маневренным прямым полетом. Обитатели степей, полупустынь и пустынь. Моногамы (дрофа-красотка, стрепет) или полигамы (дрофа). Яйца правильной или укороченно-яйцевидной формы. Половые различия в окраске у одних видов выражены, у других – нет. Вне гнездового периода, в основном, держатся стаями. Питаются как растениями (побеги, семена), так и животными (насекомые, моллюски, иногда мышевидные грызуны). В семействе 22 вида, из которых в Туркменистане – 3.

### 112. Bezbeltek – *Tetrax tetrax* – Стрепет

Meýdan alamatlary: uzyn aýakly, towuga çalymdaş, toklutaýlaryň arasynda iň kiçisi. Jübütleşme bezeginde horazynyň arkasy garamtyl çüwdürim nagyşly çalymtyl-çypar reňkli, garyny ak. **Gara boýny insiz ak reňkli iki boýnbagly, ganatlary uly ak aýnajykly we garamtyl uçly**. Aýaklary ýaşylymtyl-çal, käte sarymtyl öwüşginli. Çüňki goňurrakçal. Mäkiýanynyň boýny goňurrak ala we “boýunbagsyz”. Horazy gyşyna edil mäkiýan ýaly reňkde. Mäkiýany horazyndan kiçiräk. Ýaş guşlar uly mäkiýanlara çalymdaş, diňe bedeniniň üstki tarapy has öçügsi. Çalt we göni, ýere golaý, ganatlaryny ýygy-ýygydan kakyp, tygyrdyly owaz bilen uçýar. Sesi bölünip-bölünip çykýar – “trekk-trek”, köpelmeýän döwründe ümsüm, käte pessaý “pul-pul” ses edýär. Uzynlygy – 40-45, ganaty – 23.5-27, ganatlarynyň gerimi – 105-115 sm, agramy 600-950 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: ölçeginiň kiçidigi bilen beýleki toklutaýlardan tapawutlanýar, ýazyna horazlarynyň boýnunyň nagyşly häsiýeti bar.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän ýerleri Ýewraziýanyň sähralyk zolaklaryny, günbatara Pirineý ý/a, gündogarda Ob derýasyna çenli aralygy, şeýle-de Demirgazyk Afrikany öz içine alýar. Günorta we Günorta-Gündogar Aziýada, söňky ýyllarda Türkmenistanyň günortasynda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän we gyşlaýan guş. Ýazyna-fewralyň ikinji ýarymyndan martyň aýagyna çenli, güýzine – sentýabryň soňundan noýabra çenli uçup geçýär. Uçup geçende olaryň köp bölegi oazislerde, Köpetdagyň eteklerinde we derýalaryň jülgelerinde saklanýar. Aýratyn jübüt bolup, dagyň sähralyk ýerlerinde höwürtgeleýär. Höwürtgesi ýerde osýän otlaryň arasynda, guran otlaryň sypallaryndan ýuka düşelen uly bolmadyk çukyrjyk. Maýyň başynda 3-5 sany ýalpyldawuk, garamtyl meneklenen, sarymtyl-ýaşyl ýumurtgalary goýýar. Höwürtgelemeýän döwri süri bolup gezýär. Mör-möjekler, dürli ösümlikleriň tohumlary, pudajyklary bilen iýmitlenýär.

Statusy: seýrek görnüş, öň sähralygyň ýokary hilli aw guşudy, emma häzir MSOP-yň Gyzyl sahypasyna we Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen. Aw etmek gadagan.

Полевые признаки: средней величины птица, похожа на длинноногую курицу, самая мелкая среди наших дроф. Спинная сторона самца в брачном наряде серовато-рыжеватая с темным струйчатым рисунком, брюшко белое. **Шея черная с двумя белыми узкими ошейниками, крыло с большим белым зеркалом и темным концом**. Ноги зеленовато-серые, иногда с желтым оттенком. Клюв буровато-серый. У самки шея буроватая с пестринами, «ошейника» нет. Зимой самец окрашен как самка. Самки по величине несколько меньше самцов. Молодая птица похожа на взрослую самку, только верхняя часть тела более бледная. Полет быстрый и прямой, низко над землей, часто взмахивая крыльями с характерным дребезжащим звоном. Голос – отрывистое «трэкк-трэк», вне периода размножения молчалив, изредка издает негромкое «пуль-пуль». Длина – 40-45, крыло – 23.5-27, размах крыльев – 105-115 см, вес – 600-950 г.

Сходства – отличия: от других дрофиных отличается заметно мелкими размерами, а весной самцы еще и характерным рисунком на шее.

Распространение: область гнездования охватывает евразийские зональные степи от Пиренейского полуострова на западе до Оби на востоке, а также Северную Африку. Зимует в Южной и Юго-Западной Азии, в последние годы на юге Туркменистана.

Образ жизни: пролетная, зимующая птица. Весенний пролет со второй половины февраля до конца марта, осенний – с конца сентября до ноября. На пролете держатся стаями, большей частью в оазисах, в предгорьях Копетдага и речных долинах. Зимой часто встречается по озимым полям, особенно в южных частях страны. Гнездился отдельными парами по нагорным степным участкам. Гнездо – небольшая ямка среди травы на земле со скудной выстилкой из сухих травинок. Кладка в начале мая, из 3-5 блестящих, серо-зеленых с темными пятнами яиц. Питается насекомыми, семенами, побегами различных растений.

Статус: редкий вид, когда-то был первоклассной степной дичью, но в настоящее время включен в Красный список МСОП и Красную книгу Туркменистана. Охота запрещена.

## 113. Toklutaý – *Otis tarda* – Дрофа

<u>Meýdan alamatlary</u>: hindi towuk ölçegli, uly guş. Üstki tarapynyň reňki kese gara zolakly çypar, kellesi we boýun bölegi tüsse reňkli-çal. **Ýazyna horazynyň bokurdagynyň gapdallary sallanyp duran ak ýelekli – “murtly”, boýnunyň aşagy çypar reňkli.** Ganatlaty gara uçly ak (uçanda görünýär). Ümsüm, horazynyň sesi batlanyp, sarsgynly çykýan gysaga “horkuldy”, peselip bady gaçýan “hprrrrr”, howp abananda – arasy bölünen “ongh” sesli, mäkiýany jüýjelerini çagyranda basyk “tuk-tuk” gysga sesli, ýaslary–naýynjar sykylyklama “çiioo”. Horazynyň ganaty – 57-67, mäkiýanyňky – 45-57 sm, mäkiýanyň agramy - 3.5-8, horazyňky - 6-12 kg.

<u>Meňzeşlikleri-tapawutlary</u>: ölçegleriniň uludygy, boýnunda gara zolagyň we “ýakalygyň” ýokdygy bilen togdarydan tapawutlanýar.

<u>Ýaýran ýerleri</u>: Ýewraziýanyň düzlik we dag sähralygy. Türkmenistanda – Hazar deňziniň kenaryndan we Etrek derýasynyň aşaky başyndan Köpetdagyň dagöňüne çenli we uly derýalaryň jülgelerinde seýrek duş gelmegi mümkin. Demirgazyk Garadeňz pesliginde, Hazarýakasynda, Kiçi we Alynky Aziýanyň käbir ýerlerinde gyşlaýar.

<u>Ýaşaýşy</u>: uçup geçýän we gyşlaýan guş. Ýazyna martda we apreliň başynda, güýzine–oktýabrda we noýabrda uçup geçýär. Ýarym çöllük, ýowşanly sähralyk ýerlerini, oazisleriň gyra çetlerini halaýar. Ýabany otlaryň we medeni dänelileriň baldagy we tohumlary, tomzaklar we beýleki käbir mör-möjekler bilen

<u>Полевые признаки</u>: очень крупная птица размером с индюка. Окраска верха рыжая с черными поперечными полосами, голова и часть шеи – дымчато-серые. **У самцов в весенний период по бокам горла длинные рассученные белые перья – «усы», а шея снизу рыжая**. Крылья белые с темными концами (в полете). В основном, молчаливы, голос самца – резонирующее не громкое, очень короткое «хрюканье», переходящее в угасающее «хпрրррр», при опасности – обрывистый звук «онгх», самка, призывая птенцов, издает короткие приглушенные «тук-тук», у молодых – жалобный отчетливый посвист – «чииоо». Крыло у самцов – 57-67, у самок – 45-57 см, вес самок – 3.5-8, самцов – 6-12 кг.

<u>Сходства – отличия</u>: от дрофы-красотки отличается крупными размерами, отсутствием черной полосы и «воротника» на шее.

<u>Распространение</u>: равнинные и горные степи Евразии. В Туркменистане может редко попадаться от Каспийского побережья и низовьев Этрека до предгорий Копетдага и долин крупных рек. Зимовки в Северном Причерноморье, Прикаспии, местами в Малой и Передней Азии.

<u>Образ жизни</u>: пролетная и зимующая птица. Весенний пролет – в марте и начале апреля, осенний – в октябре и ноябре. Предпочитает полупустыни, полынные степи, окраины оазисов. Кормится побегами и семенами диких трав и культурных злаков, жуками и неко-



iýmitlenýär.

<u>Statusy</u>: baş sany çendenaşa azalýar, arealy bölünen, ýitip gitmek howpy abanýan görnüş hökmünde MSOP-yň Gyzyl sahypasyna we Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen. Guşy awlamak düýbinden gadagan.

торыми другими насекомыми.

<u>Статус</u>: численность катастрофически сократилась, ареал разобщен, вид включен в Красный список МСОП и Красную книгу Туркменистана как находящийся на грани исчезновения. Охота категорически запрещена.

## 114. Togdary – *Chlamydotis undulata* – Дрофа-красотка

<u>Meýdan alamatlary</u>: toklutaýdan has kiçi, emma göwresi uly guş. Horazy mäkiýanyndan ulurak. Arkasy kese tolkunşekilli nagyşly çäge sypatçypar reňkli. **Depesi we ýeňsesi gara-ak ýeleklerden durýan hüpükli. Boýnunyň gapdallarydan iki sany gara zolak ýuwaş-ýuwaşdan gara-ak ýelekleriň sallanyp duran dessejigine geçýär we ol özboluşly ýaka emele getirýär**. Alkymynyň aşagy we boýuny petekesine çenli çalymtyl öwüşginde agymtyl, aşagynyň galan ýeri–ak. Aýaklary açyk-çal, çüňki goňur. Pessaýlap uçuşy, uly çarlaga çalymdaşlyk edýär. Uçanda ganatlarynyň üstündäki ak tegmiller oňat görünýär. Ýakyn aralyga uçup, ylgap gidýär. Ümsüm. Ganaty – 34.5-42.5 sm, agramy - 1.2-2.5 kg.

<u>Meňzeşlikleri-tapawutlary</u>: boýnunyň gapdalarynyň gara zolaklydygy we ýakalygynyň bardygy bilen beýleki toklutaýlardan tapawutlanýar.

<u>Ýaýran ýerleri</u>: Demirgazyk Afrikada, Alynky, Orta we Merkezi Aziýada. Türkmenistanda – ýurduň düzlük böleginiň hemme ýerlerinde duşýar. Günorta-Gündogar Aziýada gyşlaýar.

<u>Ýaşaýşy</u>: höwürtgeleýär, uçup geçýär, az-owlak gyşlaýar. Güýzüne oktýabryň we noýabryň başy araly-

<u>Полевые признаки</u>: относительно крупная, но значительно меньше дрофы птица. Самец крупнее самки. Окраска спины песчано-рыжеватая с волнистым поперечным рисунком. **На темени и затылке – хохол из черно-белых перьев. По бокам шеи – две черные полосы, постепенно переходящие в пучки рассученных черно-белых перьев и образующие нечто вроде воротника**. Подбородок и шея до зоба – беловатые, с сероватым оттенком, остальной низ – белый. Ноги светло-серые, клюв бурый. Летит низко, напоминая крупную чайку. В полете хорошо видны белые пятна на крыльях сверху. Пролетев небольшое расстояние, бежит. Молчалива. Крыло – 34.5-42.5 см, вес – 1.2-2.5 кг.

<u>Сходства – отличия</u>: от других дроф отличается черной полосой на боках шеи и воротником.

<u>Распространение</u>: Северная Африка, Передняя, Средняя и Центральная Азия. В Туркменистане – повсеместно в равнинных частях страны. Зимует в Юго-Западной Азии.

<u>Образ жизни</u>: гнездится, пролетает, частично зимует. Пролет осенью – между октябрем и началом ноября, весной – уже с февраля.

kda, ýazyna – fewralda uçup geçýär. Toýunly we çägeli-çöllüklerde, şoraly we ýowşanly ýarymçöllüklerde mekan tutýar, aklaň çägelikden gaça durýar, oba hojalyk landşaftynyň gyra çetlerine aralaşmagy hem mümkin. Höwürtgesi ýerde, aprelde, çalaja daşy sypaljyklara gabalan oýjagaza 2-4 sany anyk bolmadyk çalymtyl meneklenen çalymtyl-ýaşyl reňkli ýumurtgalary goýýar. Ýaşlary awgustyň başyna çenli doly ösüp ýetişýär. Esasan, mör-möjekler we olaryň liçinkalary, maýda gemrijiler, suwulganlar, şeýle-de ösümlikleriň tohumlary, sogan düýpleri, ter pudajyklary bilen iýmitlenýär

Statusy: laçynly awlanýan aw guşy hökmünde görnüşiň söwda gymmaty ýokary. Çenden köp awlanmagy onuň baş sanynyň azalmagyna getirdi, MSOP-yň Gyzyl sahypasyna we Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen. Guşlary berk goraga almak we emeli usulda ösdürip ýetişdirmek gerek.

Обитает в глинистых и песчаных пустынях и полупустынях с солянковой и полынной растительностью, избегает барханных песков, может встречаться по окраинам сельскохозяйственных ландшафтов. Гнездо на земле, кладка в апреле, состоит из 2-4 яиц, серо-зеленых, с неясными сероватыми пятнами, слегка окружается сухими стеблями. Молодые достигают полного роста к началу августа. Питается, главным образом, насекомыми и их личинками, мелкими грызунами, ящерицами, потребляет также растительные корма – семена, луковицы, побеги.

Статус: вид имеет высокую коммерческую ценность как объект соколиной охоты. Из-за чрезмерного отлова численность катастрофически сократилась, включен в Красный список МСОП и Красную книгу Туркменистана. Подлежит строгой охране и искусственному разведению.

## ÇULUKŞEKILLILER – *CHARADRIIFORMES* – РЖАНКООБРАЗНЫЕ

Maýda we orta möçberli, çarlaklar maşgalasynyň wekilleri, uly ölçegli guşlaryň uly topary. Köpüsiniň aýaklary uzyn we barmaklary gowy ösen. Käbiriniň yzky barmagy gowşak ösen ýa-da asla ýok (redusirlenen). Ýüzgüç perdesi diňe öňki barmagynyň düýbünde (bizçüňk çulukda) ýa-da maýda deripisint parawuzlanan bolýar (ýüzegenjede). Görnüşleriň çüňki aglaba uzyn we inçe, köplenç egmek. Käbiriniňki gysga we gurluşy boýunça kepderiniňkä çalymdaş. Çarlaklaryň çüňküniň ujy gaňyrçagrak. Köpüsiniň göwresi jebis we gelşikli. Ganatlary, bezziltikden galanynyňky uzyn we insiz. Ýelek örtügi dykyz, ýelekleri jübütleşýän döwründe açyk reňkleri alýar (gyzyl petekelije çuluk, ikburunlar, ýüzegenjeler, ýakaly çuluklar). Reňkinde jynsy tapawutlylygy (dimorfizm) gowşak, käte mäkiýany horazyna garanyň ulurak we has ýagty reňkde (ýüzegenjelerde). Çuluklaryň köpüsi açyk giňişlikler we suw-batgalyk ýerleri bilen baglanyşykly, emma arasynda dagda we tokaýda ýaşaýanlary hem bolýar. Çulukşekillileriň hemmesi diýen ýaly uçup geçýän guşlar we uzak aralygy - Ýewraziýanyň we Amerikanyň polýar giňişliklerinden Günorta Afrika, Amerika, Awstraliýa çenli uçup geçýärler. Adatça ýerde höwürtgeleýärler, arasynda agaçda höwürtgeleýäni hem duşýar (goňurarka çuluk agaçlaryň üstündäki beýleki guşlaryň boş höwürtgesini eýeleýär). Görnüşleriň köpüsi toplum bolup höwürtgeleýär, galan wagty süri bolup gezýärler. Görnüşleriň köpüsinde jübütlik ömürleriniň ahyryna çenli saklanýar. Uly guşlar jüýjelerini ir aýyrýarlar we höwürtgeleýän ýerlerinden ilkinji bolup uçup gidýärler. Reňkinde möwsümleýin üýtgeýjilik häsiýeti bolýar. Çuluklaryň köpüsi oňurgasyzlar, aýratyn-da, çuluklaryň käbirleri maýda oňurgalylar, ösümlikleriň baldajyklary we miweleri, çarlaklaryň bir bölegi balyklar bilen iýmitlenýär. Dünýa faunasynda 300-den gowrak görnüş. Türkmenistanda 9 maşgala degişli bolan görnüşleriň 70-si düşýär.

Большая группа птиц мелкой и средней величины, некоторые представители чайковых крупного размера. Большинство с длинными ногами и хорошо развитыми пальцами. У некоторых задний палец развит слабо или редуцирован. Перепонки развиты только у основания передних пальцев (шилоклювки), или оторочены мелкими пластинками (плавунчики). Клюв у большинства видов длинный и тонкий, часто изогнут. У некоторых короткий и напоминает по строению голубиный. У чайковых бывает на конце крючковатым. Туловище у большинства видов компактное, стройное. Крылья длинные и узкие, за исключением чибисов. Оперение плотное, яркие тона в окраске проявляются преимущественно в брачный период (краснозобики, веретенники, плавунчики, турухтаны). Половой диморфизм выражен слабо, изредка самки крупнее самцов и ярче окрашены (плавунчики). Большинство видов куликов связано с открытыми пространствами и водно-болотными угодьями, но есть обитатели гор и лесов. Подавляющее большинство ржанкообразных перелетные и мигрируют на большие расстояния – от полярных областей Евразии и Америки до Южной Африки, Америки, Австралии. Гнездятся, как правило, на земле, есть исключения (черныш занимает пустые гнезда других птиц на деревьях). Многие гнездятся колониями, а вне гнездового периода держатся стаями. Большинство видов пары сохраняют всю жизнь. Взрослые рано оставляют птенцов и первыми покидают места гнездования. Наблюдается хорошо выраженная сезонная изменчивость в окраске. Большинство питаются беспозвоночными, особенно кулики, некоторые поедают мелких позвоночных, побеги растений и ягоды, а часть чайковых являются рыбоядными. В мировой фауне более 300 видов. В Туркменистане – 70 видов относящихся к 9 семействам.

### Çakyryklar – *Burhinidae* – Авдотки

Açyk çöllük meýdanlarda, kenarýaka giňişliklerde gezýän we

Небольшое семейство птиц открытых пустынных ландшафтов,

beýleki suw-batgalyk ýerleriň töwereginde ýaşaýan guşlar maşgalasy. Jemi 9, şolardan Türkmenistanda 1 görnüş gabat gelýär.

придерживающихся побережий и других водно-болотных участков. Всего 9, из которых в Туркменистане встречается 1 вид.

### 115. Çakyryk – *Burhinus oedicnemus* – Авдотка

Meýdan alamatlary: gysgalan ýognan çüňkli, uzyn aýakly, **uly sary gözli** bolup, kepderiden ulurak çuluk. Ýaşy ýeten horazlary we mäkiýany birmeňzeş reňkli. Arka tarapy çalymtyl-mele, çyparrak gara menekli. Garny agymtyl. Petekesiniň ortasy garamryl zolakly, böwürlerinde hem şonuň ýaly zolaklar, bolup olar has insiz. **Uçan wagty ganatlarynyň gara uçlary iki-ikiden ak tegmilli. Ganatlarynyň gapdallaryndan kese geçýän ak we iki sany gara zolakly.** Aýaklary agymtyl, üç barmakly, çüňküniň düýbi sary, daýaw we uçjagazy gara reňkli. Ýaşlarynyň ýelekleriniň gyralary inli ak gaýmaly, has çyparrak reňkli. Sesi ýiti we sokdurylan – “klii-ýurr-liii, týurrr-liii, týurrr-liii” ýygy-ýygydan gijesine eşidilýär. Horazlarynyň ganaty - 225-249, mäkiýanlarynyňky – 230-245 mm, agramy - 450 g. golaý.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: **uly sary gözleri bilen** beýleki çuluklaryň ählisinden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi endigan däl – Ýewropanyň günorta bölegi, Günorta Gazagystan, Demirgazyk Afrikanyň gyra çetki bölekleri, Ýakyn Gündogar, Kiçi, Alynky, Orta we Günorta Aziýa. Uçup geçende giňişleýin duşýar. Türkmenistanda – düzlük we dagöňi meýdanlarda duşýar. Arealynda höwürtgeleýän böleginiň günorta oblastlarynda, şeýle-de Afrikanyň günbatarynda we gündogarynda Arabystanyň çetinde gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýan-höwürtgeleýän guş. Ýazyna-martyň aýagynda we aprelde, güýzine – awgustyň soňunda noýabryň başynda uçup geçýär. Iňrik garalanda we gijesine gezmäge çykýar. Çöllük, kirşenli-şorlaşan ýerlerde we takyrlarda, seýregräk – berkän çägeliklerde we oazileriň çetlerinde saklanýar. Apreliň ortasyndan iýun aýynyň başyna çenli höwürtgeleýär. Gyrymsynyň golaýynda çukurjygyň düýbine sähelçe sypal düşelenje höwürtge gurýar. Adatça 2, seýrek 3 sany sarymtyl-garamtyl menekli we nokatly ýumurtgalary goýýar. Höwürtgeleýän döwri jübüt bolup, güýzüne–uly bolmadyk sürülerde gezýärler. Uly oňurgasyzlar (tomzaklar, göniganatlylar), gurçuklar we maýda süýrenijiler bilen iýmitlenýär.

Statusy: az öwrenilen, seýrek görnüş.

Полевые признаки: крупнее голубя с коротким утолщенным клювом, на высоких ногах, **с большими желтыми глазами**. Взрослые самцы и самки окрашены сходно. Спинная сторона серовато-бурая, рыжеватая, с черными пестринами. Брюшко беловатое. На зобе черноватые срединные полосы, на боках тоже полосы, но более узкие. **В полете на черных концах крыльев – по два белых пятна.** Сбоку на крыльях поперечные белая и две черные полосы. Ноги светлые, трехпалые, клюв массивен – в основании желтого, а на конце черного цвета. Молодые более рыжеватые, с широкими белыми каймами на краях перьев. Голос – звонкое и протяжное «клии-юрр-лиии, тюррр-лиии, тюррр-лиии», часто слышен ночью. Крыло самцов – 225-249, самок – 230-245 мм, вес – около 450 г.

Сходства-отличия: от всех куликов хорошо **отличается большими желтыми глазами.**

Распространение: в гнездовой части ареала неравномерное – в южной половине Европы, Южном Казахстане, крайних районах Северной Африки, на Ближнем Востоке, в Малой, Передней, Средней и Южной Азии. На пролетах – шире. В Туркменистане – на равнинах и в предгорьях. Зимует в южных областях гнездовой части ареала, а также, местами, на западе и востоке Африки и побережьях Аравии.

Образ жизни: пролетная, гнездящаяся птица. Весенний пролет – с конца марта и в апреле, осенний – с конца августа до начала ноября. Активен в сумерках и ночью. Придерживается в пустыне глинисто-солончаковых участков и такыров, реже – закрепленных песков и окраин оазисов. Гнездование – с середины апреля до начала июня. Гнезда в виде ямки под кустом, со слабой выстилкой. В кладке обычно 2, реже 3 желтоватых, с темными крапинами и точками яйца. В гнездовой период держатся парами, осенью – небольшими стайками. Питается крупными беспозвоночными (жуки, прямокрылые), червями и мелкими пресмыкающимися.

Статус: малоизученный, редкий вид.

### Çuluklar – *Charadriidae* – Ржанки

Serçeden garga çenli ölçegli guşlar maşgalasy. Aýaklarynyň, çüňkleriniň uzynlygy dürli görnüşlerde üýtgeýär. Gysgadan göni (kepderiňkä çalymdaş) çüňkleri uzyndan göni inçelmä çenli baryp, ýokarlygyna gaýşaklyga ýa-da aşaklygyna egmeklige çenli barýar. Ýaýrawy giň, dünýä faunasynda 60 görnüş, şolaryň 15-si Türkmenistanda bolup, çuluklar, bezziltikler we daş dörüjiler aşaky maşgalasynyň wekilleridir.

Семейство птиц (кулики размерами от воробья до вороны), высота ног, длина и форма клювов варьируют. Клювы от коротких прямых (похожих на голубиные) до длинных тонких прямых или изогнутых кверху или книзу. Распространены широко, в мировой фауне 60, из которых в Туркменистане 15 видов – представители подсемейств ржанки, чибисы и камнешарки.

### 116. Kiçi kebez – *Charadrius dubius* – Малый зуек

Meýdan alamatlary: ölçegi serçeden biraz ulurak, maýda çuluk. Orta uzynlykdaky aýaklary açyk-goňur

Полевые признаки: мелкий кулик, тело размером чуть крупнее воробья. Ноги средней длины свет-

reňkli. Çüňki göni, gysga gara, aşaky çüňkiniň düýbi sary. Uly guşlaryň tomusky ýelek örtüginde **kellesi kese zolakly**, gulagyny ýapýan we boýnunyň ýokarsyny gabaýan halka ýelekleri we **petekesi gara**. **Bokurdagy, boýnunyň ýüzi, böwürleri we bedeniniň aşagy – ak**. Ýaşlarynyň we ulularynyň gyşky ýelekleri tutuk reňkli. Gözüniň töweregindäki ýalaňaç deri sary halkany emele getirýär. Horazlarynyň ganaty - 105-120, mäkiýanlarynyňky – 102-122 mm, horazlarynyň agramy - 31-38, mäkiýanlarynyňky – 35-47 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: **gözüniň töweregindäki halkanyň sarydygy** we ganatlarynda ak zolagyň yokdygy bilen demirgazyk kebezden, petekesinde birleşýän gara halkasy we aýaklarynyň reňki (açyk-goňur) bilen deňiz kebezinden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän ýerleri–Ýewropanyň hemme ýerleri diýen ýaly, demirgazyk welaýatlaryndan, çöllük giňişliginden we beýik daglaryndan başgalarynda, Hindi-Malaý arhipelagynyň adalarynda. Uçup geçende giňişleýin duşýar. Türkmenistanda – Hazar deňziniň kenary we içki suwlarda. Afrikanyň orta zolagynda, Günorta we Günorta-Gündogar Aziýada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän we höwürtgeleýän guş. Ýazyna-mart aýynyň soňundan maý aýynyň başynda, güýzine - awgustyň ortasyndan oktýabrda uçup geçýär. Apreliň aýaklaryna höwürtgeläp başlaýar. Kenarýakadaky, şeýle hem içki suwlardaky ýumşak we daşlyja ýerlerde, ýerde düýbüne düşeklije we töweregi daşjagazlar bilen gabalanja çukurjykda höwürtge gurýar. 3-4 sany

ло-бурого цвета. Клюв прямой, короткий, черного цвета с желтым основанием подклювья. У взрослых птиц в летнем пере **поперечная полоска на голове**, кроющие уха и кольцо, охватывающее верх шеи и **зоб, черные. Горло, часть шеи, бока и низ тела – белые**. Молодые и взрослые в зимнем пере окрашены тусклее. Голая кожа вокруг глаз образует желтое кольцо. Крыло у самцов – 105-120, у самок – 102-122 мм, вес самцов – 31-38, самок – 35-47 г.

Сходства – отличия: от галстучника хорошо **отличается желтым кольцом вокруг глаз** и отсутствием белой полосы на крыльях, от морского зуйка – черным замкнутым кольцом на зобе и цветом лап (светло-бурые).

Распространение: область гнездования – почти вся Евразия, за исключением северных областей и обширных пустынь и высокогорий, острова Индо-Малайского архипелага. На пролете очень широко. В Туркменистане – побережье Каспийского моря и внутренние водоемы. Зимует в Экваториальной Африке, в Южной и Юго-Восточной Азии.

Образ жизни: пролетная и гнездящаяся птица. Весенний пролет – с конца марта до начала мая, осенний – с середины августа до октября. Начало гнездования с конца апреля. Гнездится как на песчаных и галечниковых участках побережья, так и на внутренних водоемах. Гнездо – простая ямка в грунте с выстилкой и окружающим валиком из камешков. В кладке 3-4 яйца желтовато-серо-зеленоватого



sarymtyl-çalymtyl-ýaşyl reňkli gür bolmadyk goňur menekli ýumurtgalary goýýar. Köplenç, gaýtadan ýumurtga goýmaklary mümkin. Maý aýynyň ikinji ýarymynda jüýjeleri çykýar. Iýunda uçurym bolýarlar. Gaýtadan göýlan ýumurtgalardan iýun-iýulda jüýjeler çykýar. Mör-möjekler we beýleki maýda oňurgasyzlar bilen iýmitlenýär.

Statusy: uçup geçende adaty, Hazaryň käbir ýerlerinde köpsanly görnüş.

цвета с негустым бурым крапом. Часто бывают повторные кладки. Пуховички со второй половины мая. Летными становятся в июне. При наличии повторных кладок птенцы – в июне-июле. Питается насекомыми и другими мелкими беспозвоночными.

Статус: обычный, на пролете местами на Каспии многочисленный вид.

### 117. Demirgazyk kebezi – *Charadrius hiaticula* – Галстучник

Meýdan alamatlary: kiçi kebezden tokarrak uly bolmadyk çuluk. **Mämişi-sarymtyl aýaklary** orta uzynlykda, **gysga gara çüňkiniň düýbi mämişi-sarymtyl reňkli.** Ýaşy ýeten guşlaryň horazlarynyň reňki mäkiýanlaryna meňzeş. Üstki tarapy goňurrak-çal, aşagy ak, petekesinde boýnuny gabaýan kese gara zolak. Ak maňlaýy aşagyndan we ýokarsyndan geçýän kese zolak bilen çäklenen. Böwürleri we aşak tarapy ak. Uçan wagtynda **ganatlaryndaky ak zolak** gowy görünýär. Ýaşlary we ululary gyşky ýeleginde tutuk reňkli. Çüňküniň düýbi tutuk goňurrak. Horazlarynyň ganaty - 122-137, mäkiýanlarynyňky – 123-137 mm, horazlarynyň agramy - 45-62, mäkiýanlarynyňky – 44-63 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: çüňküniň düýbüniň reňki, **gözüniň töwereginde sary "äýneginiň" ýokdygy** we ganatlarynda ak zolagyň bardygy bilen kiçi kebezden we boýun halkasynyň bitişendigi ("boýun bagy"), aýaklarynyň mämişi-sarydygy bilen deňiz kebezinden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürt-

Полевые признаки: небольшой кулик, крупнее малого зуйка. **Ноги** средней длины **оранжево-желтого цвета**, **клюв короткий черный, с оранжево-желтым основанием**. Взрослые самцы и самки окрашены одинаково. Верх буровато-серый, низ белый, на зобе поперечная черная полоса, охватывающая шею. Белый лоб ограничен черной полоской снизу и сверху. Бока и низ также белые. В полете хорошо видна **белая полоса на крыле**. Молодые и взрослые в зимнем пере окрашены тусклее, и основание клюва у них не яркое, буроватое. Крыло у самцов – 122-137, у самок – 123-137 мм, вес самцов – 45-62, самок – 44-63 г.

Сходства – отличия: от малого зуйка отличается цветом основания клюва, **отсутствием желтых «очков» вокруг глаз** и наличием белой полосы на крыле. От морского зуйка – замкнутым ошейником («галстуком»), оранжево-желтым цветом ног.

Распространение: гнездовая

geleýän bölegi – Baltika deňziniň kenary, Ýewraziýanyň we Amerikanyň tundrasy. Uçup geçende giňişleýin duşýar. Hazar deňziniň günortasynda, Ortaýer deňzinde, Arabystanda, Alynky Aziýada, Afrikada, Madagaskarda, Merkezi we Günorta Amerikanyň kenarýakalarynyň käbir ýerlerinde gyşlaýar. Türkmenistanyň içerki suw ýataklarynda we Hazar deňziniň kenarynda duşýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän we bölekleýin gyşlaýan guş. Gyşlan guşlaryň uçup gitmegi we ýazky uçup geçmegi mart-aprel aýlarynda, güýzkisi - awgustyň aýagyndan - noýabr aralykda. Maýda oňurgasyzlar – leňňeçler, gurçuklar, balykgulaklar bilen iýmitlenýär.

Statusy: bizde ýeterlik öwrenilmedik, seýrek guş.

часть ареала – побережья Балтийского моря, тундры Евразии и Америки. На пролете встречается широко. Зимует на юге Каспия, в Средиземноморье, Аравии, Передней Азии, в Африке, на Мадагаскаре, местами по побережьям Центральной и Южной Америки. В Туркменистане – на внутренних водоемах и Каспийском побережье.

Образ жизни: пролетная птица, отдельные особи зимуют. Весенний отлет и пролет в марте-апреле, осенний пролет с конца августа до ноября. Питается мелкими беспозвоночными – рачками, червями, моллюсками.

Статус: недостаточно изученный у нас, редкий вид.

### 118. Deňiz kebezi – *Charadrius alexandrinus* – Морской зуек

Meýdan alamatlary: serçeden ulurak, uzyn bolmadyk gara aýakly we gara gysga çüňkli kiçiräk çuluk. Tomsuna ýaşy ýeten guşlaryň arkasy çäge sypat-goňur. Guýrugynyň üsti we guýrugy garamtyl reňkli. **Depesiniň yzky bölegi we ýeňsesi çyparrak, depesiniň öňki tarapy, we çüňkden gözüne geçýän zolak gara.** Bedeniniň aşak tarapy ak. Petekesiniň gapdallary gara menekli. Ýaş guşlaryň gara reňki gyşyna goňur bilen çalyşýar. Horazlarynyň ganaty - 103-113, mäkiýanlarynyňky – 101-113 mm, agramy 35-47 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: demirgazyk we kiçi kebezlerden diňe petekesiniň gapdallarynda gara tegmiliň bardygy, tutuşlaýyn halka emele getirmändigi (boýun bag) bilen tapawutlanýar.

Полевые признаки: небольшой кулик, телом крупнее воробья, на относительно невысоких ногах черного цвета и коротким черным клювом. У взрослых птиц летом спина песочно-бурая. Надхвостье и хвост темнее. **Задняя часть темени и затылок рыжеватые, передняя часть темени и полоса клюва через глаз черные**. Низ тела белый. По бокам зоба черные пятна. Зимой и у молодых птиц черный цвет заменен бурым. Крыло самцов – 103-113, самок – 101-113 мм, вес – 35-47 г.

Сходства – отличия: от галстучника и малого зуйка отличается **наличием только черных пятен по бокам зоба**, а не сплошным кольцом («галстуком»).

Распространение: в гнездовой



Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän döwründe – Ýewraziýanyň, Amerikanyň we Afrikanyň deňizleriniň kenarlarynda we ýyly guşaklygyň uly suw ýataklarynda, uçup geçende bolsa, has giňişleýin gabat gelýär. Türkmenistada - Hazar deňziniň kenarynda we içki suw ýataklarynda duşýar. Afrikanyň demirgazyk böleginde, Günorta we Günorta-Gündogar Aziýada we Merkezi Amerikada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän, höwürtgeleýän we bölekleýin gyşlaýan guş. Ýazyna-mart-aprelde uçup geçýär. Apreliň soňunda-maý aýynda köpelýär. Aýratyn jübüt ýa-da kiçiräk topar bolup höwürtgeleýär. Höwürtgesi oýjagaz ýa-da çukurjyk, düý-büne hiç zat düşelmedik, gyra erňek-leri daşjagazly. 3 sany kirliräk-sary ýa-da çalymtyl-ýaşyl reňkli maýdaja garamtyl menekli ýumurtgalary goýýar. Maý aýynyň ikinji ýarymynda jüýjeleri çykýar. Höwürtgeleýän döwri uzaga çekýär, gaýtadan ýumurtga goýýan mahaly hem bolýar we dürli ýaşdaky jüýjeleri awgust aýyna çenli gabat gelýär. Uçup gidişi we güýzüne uçup geçmegi awgust aýynyň soňundan noýabra çenli dowam edýär. Mörmöjekler, leňňeçler, balykgulaklar we beýleki maýda oňurgasyzlar bilen iýmitlenýär.

Statusy: adaty, Hazar deňziniň käbir ýerlerinde köpsanly görnüş.

период – побережья морей и крупных водоемов в теплых широтах Евразии, Америки и Африки, а во время миграций встречается гораздо шире. В Туркменистане – Каспийское побережье и другие водоемы. Зимуют в северной половине Африки, в Южной и Юго-восточной Азии и Центральной Америке.

Образ жизни: пролетная, гнездящаяся и частично зимующая птица. Весенний пролет в марте-апреле. Размножение с конца апреля-начала мая. Гнездится одиночными парами или небольшими колониями на земле. Гнездо – небольшое углубление или ямка в грунте, обычно без подстилки, иногда с камешками по краям. Нормальная кладка из 3 яиц землянисто-желтого или серо-зеленого цвета с мелким темным крапом. Пуховички появляются со второй половины мая. В целом период гнездования растянут, бывают повторные кладки, и поэтому разновозрастные птенцы встречаются до августа. Отлет и осенний пролет – с конца августа до ноября. Питается насекомыми, рачками, моллюсками и другими мелкими беспозвоночными.

Статус: обычный, местами на Каспии многочисленный вид.

### 119. Ýogynçüňk kebez – *Charadrius leschenaultii* – Толстоклювый зуек

Meýdan alamatlary: sar ölçeginde bolan, gara reňkli uzyndan daýaw çüňkli uly çuluk. Tomsuna ýaşy ýeten guşlaryň bedeniniň ýokarky bölegi tüsse reňkli-goňur. Çüňkünden gözüne tarap gara zolak gidýär. **Petekesi we döşüniň gapdallary çypar**

Полевые признаки: крупный кулик, наиболее крупный из зуйков, размером тела со скворца, и удлиненным массивным клювом черного цвета. У взрослых птиц летом верхняя часть тела дымчато-бурая. От клюва к глазу идет темная

**reňkli.** Garyn tarapy ak. Aýaklary goňur. Ýaş guşlaryň gyşky ýelek örtügi has tutuk reňkli, aýaklary kirlirägede-sarymtyl reňkli.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: ölçegleriniň uludygy we çüňküniň uzyndygy (19 mm ýokary) bilen mongol kebezindan we döşünde kese gara zolagyň ýokdygy bilen hazar kebezinden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän ýerleri – Merkezi, Orta, Alynky we Kiçi Aziýanyň käbir ýerleri. Migrasiýa döwründe giňişleýin duşýar. Türkmenistada–dürli ýerlerinde, köplenç Hazar deňziniň kenarynda, Günbatar Türkmenistanyň düzlüklerinde we dag eteklerinde duşýar. Gyzyl deňziň, Gündogar Afrikanyň we Madagaskaryň, Günorta we Günorta-Gündogar Aziýanyň - Awstraliýanyň kenaýakalarynda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürt-geleýän we gyşlaýan guş. Ýazyna-mart-aprelde, güýzine - awgust-noýabrda uçup geçýär. Şorlaşanrak, daşlyrak we takyrlyrak ýerlerde saklanýar. Köpelýän döwri uzaga çekýär: aprel-maý aýynyň başydan, iýun aýynyň ortasyna – iýulyň başyna çenli. Gurak ýyllarda köpelýän wagty gysgalýar. Höwürtgesi oýjagaz ýa-da düýbi düşeksiz çukurjyk. 3 sany çypar reňkli, başgalara görä uly garamtyl menekli, köplenç süýri ýumurtgalary goýýar. Jüýjeleri aprel aýynyň soňunda – maý aýynda, uçurym bolanlary – maý aýynyň soňunda-iýunda, duşýar. Dürli mörmöjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sanyly , käbir ýerlerde uçup geçende adaty görnüş.

полоска. **Рыжий цвет на зобе и боках груди**. Брюшко белое. Ноги бурые. В зимнем пере у взрослых и молодых окраска более тусклая, ноги грязно-желтого цвета.

Сходства-отличия: от монгольского зуйка отличается большими размерами и длиной клюва (больше 19 *мм*), от каспийского зуйка – отсутствием поперечной черной полоски на груди.

Распространение: область гнездования – в Центральной, Средней, местами Передней и Малой Азии. В периоды миграций – шире. В Туркменистане – в разных частях, но больше на Каспийском побережье, равнинах и предгорьях Западного Туркменистана. Зимует по побережьям Красного моря, Восточной Африки и Мадагскара, Южной и Юго-Восточной Азии и Австралии.

Образ жизни: пролетная, гнездящаяся и зимующая птица. Весенний пролет в марте-апреле, осенний – августе-ноябре. Тяготеет к солончаковым, щебнистым и глинистым местообитаниям. Период размножения растянут с апреля-начала мая до середины июня-начала июля. В засушливые годы период размножения короче. Гнездо в виде углубления или ямки без подстилки. Нормальная кладка из 3 яиц рыжего цвета с довольно крупными темными пятнами, часто имеющими вытянутую форму. Пуховички с конца апреля – в мае, летные в конце мая-июне. Питается, в основном, различными насекомыми.

Статус: немногочисленый, местами на пролете обычный вид.



## 120. Hazar kebezi – *Charadrius asiaticus* – Каспийский зуек

Meýdan alamatlary: sar möçberindäki uzyn aýakly uly çuluk. Çüňki gara, aýaklary ýaşylymtyl-goňur. Tomsuna ýaşy ýeten guşlaryň arka tarapy çäge reňkli-goňur, garyn tarapy ak. **Petekesiniň ortasyndan inli, aşagy gara jähekli çypar zolak gidýär, ol mäkiýanynda goňur reňkli. Maňlaýy we gözüniň üstündäki inli zolak ak.** Gyşky ýelek örtüginde ýaşy ýeten we ýaş guşlar mäkiýanyna çalymdaş, ýöne reňkleri has tutuk. Horazlarynyň ganaty - 137-159, mäkiýanlaryňky – 136-149 mm, agramy - 85-90 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: kellesinde gara reňkiň ýokdygy, aýaklarynyň has uzyndygy we petekesiniň aşaky böleginiň gara ýa-da goňur zolaklydygy bilen ýogynçüňk we mongol kebezlerindan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: höwürtgelände Hazar deňziniň ýakasy, Gyrgyzstan, Orta we bölekleýin Alynky Aziýa. Türkmenistanda dürli ýerlerde duş gelmegi mümkin, emma deňiz ýakasyna we suw ýataklaryna tarap çekilýär. Günorta we Günorta-Gündogar Afrikada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän we höwürtgeleýän guş. Ýazyna-aprel-maý aýynda, güýzine - awgustyň aýagyndan noýabryň başyna çenli uçup geçýär. Köpelýän döwri uzaga çekýär: aprel aýynyň soňundan iýul aralykda. Höwürtgesi ýerde, düýbüne ösümlik sypallary we daşjagazlar düşelen oýjagaz. 3 sany çalymtyl-sary reňkli, töwerek bilen oňat utgaşýan iri gara-goňur, köpsanly menekli ýumurtgalary goýýar. Maý aýynyň ikinji ýarymynda-iýunyň başynda jüýjeleri çykýar. Jüýjeleri iýul aýynda-

Полевые признаки: довольно крупный – телом со скворца, длинноногий кулик. Клюв черный, ноги зеленовато-бурые. У взрослого самца летом спинная сторона песочно-бурая, брюшная – белая. **Поперек зоба идет широкая рыжая полоса, окаймленная снизу черным, у самки она бурая.** Лоб и широкая полоса над глазом белые. В зимнем пере взрослые и молодые похожи на самок, но окрашены более тускло. Осторожная молчаливая птица. Крыло самцов – 137-159, самок – 136-149 мм, вес – 85-90 г.

Сходства – отличия: от толстоклювого и монгольского зуйков отличается отсутствием черного цвета на голове, более длинными ногами и черной или бурой поперечной полоской на нижней части зоба.

Распространение: на гнездовье в Прикаспии, Казахстане, Средней и частично Передней Азии. В Туркменистане может встречаться в разных местах, но тяготеет к морскому побережью и другим водоемам. Зимует в Южной и Восточной Африке.

Образ жизни: пролетная и гнездящаяся птица. Весенний пролет в апреле-начале мая, осенний – с конца августа и до ноября. Период размножения растянут с конца апреля по июль. Гнездо – небольшая ямка в земле со скудной выстилкой из стеблей и камешков. Нормальная кладка из 3 яиц серо-желтого цвета с многочисленными крупными черно-бурыми пятнами, хорошо маскирующими кладку. Пуховички во второй половине мая-начале июня. Летными становятся в июле-начале

awgustyň başynda uçurym bolýar. Mör-möjekler - tomzaklar we çekirtgeler bilen iýmitlenýär.

Statusy: az öwrenilen, seýrek görnüş.

августа. Питается, в основном, насекомыми (жуками) и саранчой.

Статус: малоизученный редкий вид.

---

**121.** *Bellik*: Türkmenistana, şol sanda Hazar deňzine, **mongol kebeziniň - *Charadrius mongolus*** käte uçup gelmegi mümkin, tötänden duşýar, ol kellesindäki gara nagyşlary bilen hazar kebezden we ölçegleriniň kiçidigi we çüňküniň (19 *mm* gysga) gysgalygy bilen ýogynçüňk kebezden tapawutlanýar.

**121.** *Примечание*: В Туркменистан, в частности на Каспий, может залетать и спорадически встречаться **монгольский зуек – *Charadrius mongolus*,** который от каспийского зуйка отличается черным рисунком на голове, от толстоклювого зуйка – меньшими размерами и клювом (короче 19 *мм*).

## 122. Şygyrdawuk çuluk – *Eudromias morinellus* – Хрустан

Meýdan alamatlary: bedeni serçeden gabarak, **sary reňkli, gysga aýakly** we gysga gara çüňkli kiçiräk çuluk. Tomusky ýelek örtüginde **horazynyň kellesiniň üsti gara**, gözüniň ýokarsyndaky zolak we bokurdagy ak. Arkasy we döşi gögümtilçal. Petekesi gara jähekli, tüsse reňkgoňur. **Garny öň tarapyndan ak zolak bilen çäklendirlen çypar**, garnynyň **yzky bölegi garamtylgoňur ýokundyly.** Guýrugynyň aşagy çyparrak öwüşginli ak. Mäkiýany tomsuna horazyndan has açyk reňkli. **Gyşky ýeleginde** ululary tutuk reňkli, **döşünden keseligine geçýän ak zolak anyk** saýgartmaýar, garny agymtyl. Ýaşlarynyň arkasyndaky çypar ýelekleri garamtyl goňur, döşi we böwürleri çypar, köplenç döşünde garamtyl menek bolýar. Horazlarynyň ganaty - 137-155, mäkiýanlarynyňky – 142-153 mm, horazlarynyň agramy 100-120, mäkiýanynlarýňky – 115-145 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: beýleki çuluklardan ony häsiýetli reňki gowy tapawutlandyrýar, görnüşleriň arasynda meňzeşleri ýok.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi Ýewraziýada ol demirgazykda gury tundranyň baýyrlyklaryny, alp guşaklygynyň daglyk ýerlerini daşly tundrany öz içine alýar. Giňişleýin uçup geçýär. Türkmenistada Hazar deňziniň kenarynda we içki suw ýataklarynda gabat gelýär. Afrikanyň demirgazyk çetlerinde, Ýakyn Gündogarda, Mesopotamiýada we ahmal, Hazaryň günortasynda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän görnüş. Deňziň we beýleki suw-batgalyk ýerleriň kenarlarynda saklanýar, şol ýerde mör-möjekler (tomzaklar), olaryň liçinkalary, balykgulaklar we gurçuklar bilen iýmitlenýär.

Statusy: seýrek guş.

Полевые признаки: не крупный кулик, телом чуть больше воробья с короткими ногами **желтого цвета и коротким черным клювом.** В летнем пере **у самцов верх головы черный**, полоса над глазом и горло белые. Спина и грудь сизосерые. Зоб дымчато-бурый. **Брюхо рыжее, ограниченное спереди белой полосой, задняя часть брюха с черновато-бурым налетом**. Подхвостье белое с рыжеватым налетом. Самки летом окрашены ярче самцов. **В зимнем пере** взрослые окрашены более тускло, **поперек груди неясная белая полоса**, брюшко белесое. У молодых птиц спина черновато-бурая с рыжеватыми каймами на перьях, грудь и бока рыжие, часто на груди бывают темные пятна. Крыло у самцов – 137-155, у самок – 142-153 мм, вес самцов – 100-120, самок – 115-145 г.

Сходства – отличия: характерная окраска хорошо отличает хрустана от других куликов, сходных видов нет.

Распространение: гнездовые части ареала в Евразии и охватывают на севере возвышенные сухие тундры и каменистые тундры в альпийском поясе горных областей. На пролете встречается намного шире. В Туркменистане встречается на Каспийском побережье, возможно и на внутренних водоемах. Зимует на крайнем севере Африки, Ближнем Востоке, в Месопотамии и, не исключено, на южном Каспии.

Образ жизни: пролетный вид, придерживается морских и побережий других водно-болотных местообитаний, питается, преимущественно, насекомыми (жуками) и их личинками, моллюсками и червями.

Статус: редкая птица.

## 123. Altynsow çuluk – *Pluvialis apricaria* – Золотистая ржанка

Meýdan alamatlary: üç barmakly uzyn aýaklary gara reňkli we gara göni çüňkli, gumry ölçegindäki uly çuluk. Tomus möwsüminde horazlary mäkiýanlayna meňzeş reňkli. **Üstki tarapy garamtyl kümüşleçsarymtyl menekli**. Döşi we aşaky tarapy ak zolak jähekli gara, ol peteke tarapynda has inli. **Maňlaýy we gaşlary ak.** Ganatynyň aşagy hem ak. Guýrugy garamtyl kese geçýän ýagty zolakly. Güýz-gyş döwründe bizde bokurdagy we alkymy agymtyl tutuk reňklileri gabat gelýär. **Boýny we petekesi goňurrak sarymtyl menekli**. Garny agymtylrak goňur ýada kümüşleç menekli. Saýraýşy “kriu-kriu”, ýöne, adatça, uçan mahaly sessiz. Horazlarynyň ganaty - 175-190,

Полевые признаки: крупный кулик, тело размером с горлицу, на довольно высоких трехпалых ногах черного цвета и прямым темным клювом. Самцы и самки в летнем сезоне окрашены сходно. **Верх темный с золотисто-желтыми пестринами**. Грудь и нижняя сторона – черные, окаймлены белой полосой, наиболее широкой по сторонам зоба. **Лоб и бровь белые**. Испод крыла также белый. Хвост темный с поперечными светлыми полосками. В осенне-зимнее время, когда встречаются у нас, окрашены тусклее, горло и подбородок беловатые. **Шея и зоб буроватые с желтыми пятнами**. Брюшко белесое с бурыми или золотистыми

mäkiýanlarynyňky – 173-192 mm, agramy 200-210 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: üstki tarapynyň kümüşleç-sary-aladygy we **goltyk ýelekleriniň ak reňklidigi** bilen tules çulukdan we ganatlarynyň aşaky tarapynyň akdygy, uçlarynyň sähelçe goňurdygy bilen goňurganat çulukdan oňat tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän döwründe - Ýewraziýanyň demirgazyk-günbatar welaýatlarynyň tundra we tokaýly tundarasy. Uçup geçende giň ýaýrawly. Türkmenistada Hazar deňziniň kenarýakasynda we içki suw ýataklarynda duşýar. Günbatar Ýewropada, Ortaýer deňzinde, käte Hazar deňziniň günortasynda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän guş. Ýazyna-martyň soňunda- maýda, güýzüne–sentýabr-oktýabrda uçup geçýär. Kiçiräk süri bolup, şeýle-de ýekelikde duşmagy mümkin.

Statusy: gowşak öwrenilen, seýrek görnüş.

пятнами. Голос – «криу-криу», но на пролете обычно молчалива. Крыло самцов – 175-190, самок – 173-192 мм, вес – 200-210 г.

Сходства – отличия: от тулеса хорошо отличается золотисто-желто-пестрым верхом и **белым цветом подмышечных перьев**. От бурокрылой ржанки также белой нижней поверхностью крыла, чуть буроватой лишь к его концу.

Распространение: в гнездовой период – тундра и лесотундра северо-западных областей Евразии. На пролетах – шире. В Туркменистане – на Каспийском побережье и внутренних водоемах. Зимует в Западной Европе, Средиземноморье, изредка на юге Каспия.

Образ жизни: пролетная птица. Весенний пролет – с конца марта и в мае, осенний – в сентябре-октябре. Может встречаться как в небольших стаях, так и одиночно.

Статус: редкий, слабо изученный вид.

---

**124.** *Bellik*: Hazar deňzinde we içki suw ýataklarynda tötänden **goňurganat çuluk - *Pluvialis fulva*** duşmagy mümkin. Ol tundra zolagynda höwürtgeleýär, bizde tötänden uçup geçýän seýrek görnüş hasaplanýar. Ol altynsow çuluga örän çalymdaş, emma maýda, jokjoky ölçeginde we has uzyn aýakly. **Goltuk ýelekleriniň tüsse reňkli-goňurdygy**, şeýle-de **arkasynyň we guýruk üstüniň öçügsidigi** bilen tulesden we altynsow çulukdan tapawutlanýar.

**124.** *Примечание*: на Каспии и внутренних водоемах может случайно встретиться азиатская или **бурокрылая ржанка - *Pluvialis fulva*.** Она гнездится в зоне тундр, у нас считается очень редким пролетным видом. Очень похожа на золотистую ржанку, но мельче, размером с дрозда, и более длинными ногами. От тулеса и золотистой ржанки отличает **дымчато-бурый цвет подмышечных перьев**, а также, что **хвост и надхвостье не светлее спины**.



## 125. Tules çulugy – *Pluvialis squatarola* – Тулес

Meýdan alamatlary: gumrudan uly ölçegli uly çuluk. Uly guşlaryň tomus döwri kellesiniň gapdallary, bokurdagy, petekesi we garnynyň öňki bölegi gara. Depesi, garnynyň yzky bölegi we guýrugynyň asty ak. Üstki tarapy kese geçýän ak bellikli gara. Ganatlary garamtyl, ganatlarynyň aşaky örtüji ýelekleri agymtylrak, **goltuk ýelekleri gara**. Guýruk ýelekleri ak we gara kese geçýän zolakly, olaryň gyralaryndakylar ak diýen ýaly. Çüňki we aýaklary çal ýa-da gara (yzky barmagy bilen). Mäkiýany horazyndan tutuk reňkli, bedeniniň aşaky bölegi ak gatyşykly. Ýaşy ýeten guşlar gyşky ýelek örtüginde (haçan-da bizde duşýanlarynda) ýaş guşlar bilen birmeňzeş reňkli – **üsti garamtyl-goňur, maňlaýy, kellesiniň gapdallary we bedeniniň aşaky tarapy agymtyl, bölekleýin çalymtyl-sary we goňur bellikli.** Sesi “týulii-týulii” mylaýym sykylyk. Horazlarynyň ganaty - 188-203, mäkiýanyňky – 187-202 mm, agramy - 170-224 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: kümüşleç-sary menekleriň ýokdugy, uçan wagty ganatynyň üstüden uzaboýuna geçýän ak zolagyň bardygy, şeýle-de **goltugasty ýelekleriniň garadygy** we yzky barmagynyň juda ujypsyzdygy bilen goňurganat çuluklardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän döwründe - Ýewraziýanyň we Demirgazyk Amerikanyň tundra zolagy. Uçup geçişi giň. Günorta-Günbatar Ýewropanyň, Afrikanyň, Arabystan y/a, Günorta we Günorta-Gündogar Aziýanyň, Awstraliýanyň, Merkezi we Günorta Amerikanyň

Полевые признаки: крупный кулик, тело размером больше горлицы. У взрослых **в летнее время бока головы, горло, зоб и передняя часть брюшка – черные**. Темя, задняя часть брюха и подхвостье – белые. Верхняя сторона черная, с поперечными белыми отметинами. Крылья темные, нижние кроющие крыла белесые, **подмышечные – черные**. Хвостовые – с белыми и черными поперечными полосками, крайние из которых – почти белые. Клюв и ноги серые или черные (с задним пальцем). Самки окрашены тусклее самцов, нижняя часть тела с примесью белого. Взрослые в осенне -зимнем оперении (когда встречаются у нас) и молодые окрашены сходно – **с темно-бурым верхом, белесыми лбом, боками головы и нижней части тела, с частыми серовато-желтыми и буроватыми отметинами**. Голос – мягкий свист «тюлии-тюлии». Крыло самцов 188-203, самок – 187-202 мм, вес – 170-224 г.

Сходства – отличия: от ржанок хорошо отличается отсутствием золотисто-желтых пестрин, отчетливой белой полоской сверху вдоль крыла, хорошо видимой в полете, а также **черными подмышечными перьями** и наличием крохотного заднего пальца.

Распространение: в гнездовой период – тундры Евразии и Северной Америки. На пролете – гораздо шире. Зимует на побережьях Юго-Западной Европы, Африки, Аравии, Южной и Юго-Восточной Азии, Австралии, Центральной и

kenarýakalarynda gyşlaýar. Türkmenistada – içki suw ýataklarda we Hazar deňziniň kenarynda duşýar.

Ýaşaýşy: uçup-geçýän we gyşlaýan guş. Ýazyna-martda-maýyň başynda, giçkileri maýyň aýagyna, güýzine–awgustyň aýagyndan noýabra çenli uçup geçýär. Hazar deňzinde gyşlaýanlary käte dekabr–fewralda gabat gelýär. Balykgulaklar, gurçuklar, mör-möjekler we maýda balyklar bilen seýrek iýmitlenýär.

Statusy: gowşak öwrenilen, az sanly görnüş.

Южной Америки. В Туркменистане – на внутренних водоемах и Каспийском побережье.

Образ жизни: пролетная и зимующая птица. Весенний пролет – в марте-начале мая, позднепролетные – до конца мая. Осенью – с конца августа до ноября. Зимующие на Каспии изредка встречаются в декабре-феврале. Питается моллюсками, червями, насекомыми, иногда мелкой рыбой.

Статус: немногочисленный, в отдельные года обычный вид.

## 126. Tekejyllyk – *Vanellus leucurus* – Белохвостая пигалица

Meýdan alamatlary: gögerçin ölçeginde bolan, **sary reňkli uzyn aýakly,** gara, gysga çüňkli uly çuluk. Horazy mäkiýanyna meňzeş reňkli. Bedeniniň üstki bölegi metal ýalpyldyly tüsse sypat-goňur. Maňlaýy, gaşy we kellesiniň gapdallary goňurrak, bokurdagy ak. Petekesi we depesi goňurrak, ýöne ýalpyldysyz. Döşi külreňk-çal, garny çyparrak-ak. **Guýrugy we ganatlarynyň aşagy ak, uçlary gara.** Ýaşlary tutuk reňkli, ýelekleri öwüşgünsiz, maňlaýy we kellesiniň gapdallary ak reňkli. Sesi "çetri-çetri-cetri" batly. Horazlarynyň ganaty - 167-180, mäkiýanlarynyňky – 167-177 mm, agramy - 200 g çenli.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: aýaklarynyň **reňkiniň açyk sarydygy**, ganatlarynyň "aýnajykly" **akdygy** we guýrugynyň **akdygy** bilen beýleki çuluklardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän ýerleri gyradeň däl – Kiçi, Alynky we Orta Aziýa, Günorta Gazagystan, Hazar deňziniň kenary. Uçup geçende giň ýaýran. Türkmen-

Полевые признаки: крупный кулик, тело размером с голубя **на высоких ногах желтого цвета**, с удлиненным черным клювом. Самцы и самки окрашены сходно. Верхняя часть тела дымчато-бурая с металлическим блеском. Лоб, брови и бока головы буроватые, горло почти белое. Зоб и темя буроватые, но без блеска. Грудь пепельно-серая, брюшко рыжевато-белое. **Хвост и испод крыла белые, концы крыльев черные**. Молодые окрашены тусклее, без блеска в оперении, с белым цветом на лбу и боках головы. Голос громкий – «четри-четри-четри». Крыло самцов – 167-180, самок – 167-177 мм, вес – до 200 г.

Сходства – отличия: от других куликов хорошо отличается **ярким желтым** цветом ног, **белыми** «зеркальцами» на крыльях и **белым** хвостом.

Распространение: в гнездовой области ареала неравномерное – Малая, Передняя и Средняя Азия, Южный Казахстан, Прикаспий. На пролете – шире. В Туркменистане –



istanda – içki suw ýataklarynda we Hazar deňziniň kenarynda duşýar. Müsürde we Demirgazyk-Günbatar Hindistan ý/a, gyş amatly gelende, Günorta Hazarda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geýän-höwürtgeleýän we käte gyşlaýan guş. Derýalaryň jülgelerinde we suw ýataklarynyň kenarlarynda saklanýar. Ýazyna-apreliň ortasyndan-maý aralykda we güýzkisi – awgystyň aýagyndan noýabra çenli uçup geçýär. Apreliň ortasyndan we maýda köpelýar. Suwuň golaýynda kiçiräk topar bolup höwürtgeleýär. Höwürtgesi gury otlaryň sypallarynyň üýşmegine çalym edýär. Adatça, 2-4 sany garamtyl meneklie we nokatly sarymtylçyparrak reňkli ýumurtgalary goýýar. Maýyň aýagynda, iýunda-iýulyň ikinji ýarymynda jüýjeleri çykýar. Mörmöjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sanly görnüş.

на внутренних водоемах и Каспийском побережье. Зимует в Египте и Северо-Западном Индостане, в благоприятные зимы – на Южном Каспии.

Образ жизни: пролетная, гнездящаяся и изредка зимующая птица. Придерживается речных долин и берегов различных водоемов. Весенний пролет – с конца марта и в мае, осенний – с конца августа до ноября. Размножение – с середины апреля, в мае. Гнездится небольшими колониями вблизи воды. Гнездо в виде кучки сухой травы. В кладке обычно 2-4 яйца желтовато-рыжего цвета с темными пятнами и крапинками. Пуховички – с конца мая, летные – во второй половине июня и в июле. Питается насекомыми.

Статус: немногочисленный вид.

## 127. Gara depeli tekejyllyk – *Vanellus gregarius* – Кречетка

Meýdan alamatlary: tekejyllykdan ulurak ölçegli. Tomsuna ýaşy ýeten guşlar birmeňzeş reňkli. **Kellesiniň üsti we gözünden geçýän zolak, şeýle-de çüňki we ýaklary gara.** Arkasy we döşi açykgoňurrak-çal. Maňlaýy, gözüniň aşagyndky we ýokarsyndaky zolak ak. Garnynyň öňki bölegi gara, yzkysy – çypar, guýrugynyň aşagy ak. **Uçan ýagdaýynda ak guýrugynyň uçlary gara tegmilli.** Gyşyna ýaşy ýeten we ýaş guşlaryň ýelek örtügi tutuk reňkli, depesi goňur, garny kirli-ak. Sesi gyryljyk "kritç-itç-itç", sesi adatça, uçan mahaly çykarýar. Horazlarynyň ganaty - 197-208, mäkiýanlarynyňky – 192-204 mm, agramy - 180-195 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: garamtyl (tomsuna gara) "telpeji-

Полевые признаки: размером крупнее белохвостой пигалицы. Взрослые птицы летом окрашены сходно. **Верх головы и полоса через глаз, а также клюв и ноги – черные**. Спина и грудь светло-буровато-серые. Лоб, полосы над и под глазами белые. Передняя часть брюшка черная, задняя – рыжая, подхвостье – белое. **В полете видно черное пятно на конце белого хвоста**. Взрослые в зимнем пере и молодые окрашены тусклее, темя бурое, брюхо грязно-белое. Голос – скрипучее «критч-итч-итч», обычно издает в полете. Крыло – самцов 197-208, самок – 192-204 мм, вес – 180-195 г.

Сходства – отличия: от других куликов отличается темной (летом

gi", gaşynyň akdygy, aýaklarynyň we garnynyň öňki böleginiň garadygy bilen beýleki çuluklardan tapawutlanýar.

Ýaýran yerleri: Demirgazyk Gazagystanda we Russiýanyň serhetýakasynda höwürt-geleýär. Uçup geçende Kawkaz öňünde, Orta Aziýada duşýar. Demirgazyk-Gündogar Afrikada, Alynky Aziýanyň käbir ýerlerinde, Päkistanda we Hindistanyň demirgazyk-günbatarynda gyşlaýar. Türkmenistada düzlük giňişliklerinde duşmagy mümkin, emma yzygiderli däl we juda seýrek.

Ýaşaýşy: bizde uçup geçýän we gonup, uçup gezýän guş. Ýazyna-mart-aprelde uçup geçýär, gonup uçup gezýänleri käte iýul-awgustda gabat gelýär, güýzine–sentýabr-oktýabrda uçup geçýär. Gündizine işjeň ýaşaýyşda. Mör-möjekler we olaryň liçinkalary bilen iýmitlenýär.

Statusy: az öwrenilen, ýitip gitmek howpy abanýan görnüş. MSOP-yň Gyzyl sahypasyna we Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen.

черной) «шапочкой», белой бровью, черными ногами и передней частью брюшка.

Распространение: гнездится в Северном Казахстане и приграничных районах России. На пролете – в Предкавказье, Средней Азии. Зимует в Северо-Восточной Африке, местами в Передней Азии, Пакистане и на северо-западе Индии. В Туркменистане может быть встречен на равнинах, но спорадично.

Образ жизни: у нас пролетная птица. Весенний пролет – в марте, быстротечен, в отдельные годы могут попадаться летующие особи. В течении сентября-октября пролетные стаи задерживаются, особенно на массиве Таллымерджен. Питается различными насекомыми и их личинками.

Статус: малоизученный вид, находящийся под угрозой исчезновения. Внесен в Красный список МСОП и Красную книгу Туркменистана.

### 128. Bezegli bezziltik – *Vanellus indicus* – Украшенный чибис

Meýdan alamatlary: kepderiden uly ölçegli, sary uzyn aýakly we **gözüniň öňünde gyzyl reňkli ösüntgisi (çykyntgyly)** bolan uly çuluk. **Çüňkiniň düýbi we gözüniň töweregindäki halka hem gyzyl.** Ýelek örtüginiň reňkli garşylykly. Arkasy çägesow-goňur ýaşylymtyl metal öwüşginli, ganatlarynyň üstki tarapy mise meňzeş-gyzyl ýalpyldyly. Maňlaýy, kellesiniň üsti we boýny, petekesi we garnynyň öň tarapy gara, aşagynyň galan ýeri ak. Ganatlary ak bellikli gara. Guýrugy ak, uçan mahaly kese geçen gara zolaklar

Полевые признаки: крупный кулик, тело размером больше голубя, на высоких желтых ногах и **с характерным наростом (лопастью) красного цвета впереди глаз. Основание клюва и кольцо вокруг глаз также красные**. Оперение контрастное. Спина песчано-бурая с зеленоватым металлическим, а крылья сверху – с медно-красным блеском. Лоб, верх головы и шея, зоб и передняя часть брюшка черные, остальной низ белый. Крылья черные с белой отметиной. Хвост белый, в полете с хорошо замет-



anyk görünýär. Ýaşlarynda gözüniň öňündäki çykyntgy gowşak ösen. Sesi gyryljyk "kree-krik" ýa-da "kree-koo-it". Horazylarnyň ganaty - 214-236, mäkiýanlarynyňky – 217-231 mm, agramy - 300 g çenli.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: gözüniň öňünde **gyzyl ösüntgisiniň** (süýri ösüntgi) bardygy bilen beýleki çuluklardan oňat tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Alynky Aziýanyň günorta-günbatar etraplary, Hindistan we Hindihytaý, emma, ýazda demirgazyga, Günorta-Gündogar Türkmenistana çenli. Bizde Tejen, Murgap we Guşgy jülgelerinde, seýregräk, Amderýada we günorta Hazara çenli.

Ýaşaýşy: höwürtgeleýän guş. Ýazyna-martyň ortasyndan - aprelde, güýzine – awgustda uçup geçýär. Apreliň aýagynda maýyň başynda ýerde çukurjykda höwurtgeleýär, 3-4 sany ýumurtga goýýar. Mör-möjekler, gurçuklar we balykgulaklar bilen iýmitlenýär.

Statusy: arealynyň çetinde az owrenilen seýrek görnüş.

ной поперечной черной полосой. У молодых нарост перед глазами развит слабее. Голос – «крее-крик» или «крее-коо-ит». Крыло самцов – 214-236, самок – 217-231 мм, вес – до 300 г.

Сходства – отличия: от всех куликов хорошо отличается наличием **красного нароста** (лопасти) перед глазами.

Распространение: юго-западные районы Передней Азии, Индостан и Индокитай, но в весенний период севернее – до Юго-Восточного Туркменистана. У нас – долины Теджена, Мургаба и Кушки, редко Амударьи и западнее до Каспия.

Образ жизни: гнездящаяся птица. Весной прилетают с середины марта и в апреле, осенью отлетают в августе. Гнездование – в конце апреля-начале мая. Гнездится на земле. Гнездо в виде ямки. В кладке 3-4 яйца. Питается насекомыми, червями, моллюсками.

Статус: малоизученный редкий вид на перефирии ареала.

### 129. Bezziltik – *Vanellus vanellus* – Чибис

Meýdan alamatlary: kiçiräk garga ölçeginde, **ganatlary inli, çüňki we aýaklary gara, kellesinde inçejik hüpügi bolan** uly çuluk. Tomsuna horazlary we mäkiýanlary bir meňzeş reňkli. Arkasy, boýnunyň yzky bölegi we kellesi ýaşylymtyl metal öwüşginli garamtyl we goýy-gyzyl ýalpyldyly. Ganatlary gara ýalpyldaýan ýaşylymtyl-gök. Kellesiniň gapdallary we boýuny ak. Kellesiniň öňki bölegi, çüňk asty zolagy we petekesi gara. Bedeniniň gapdallary, goltugynyň aşagy we garny ak. **Guýrugynyň aşagy we**

Полевые признаки: крупный кулик размером с небольшую ворону, **с широкими крыльями, черным клювом и ногами и узким хохолком на голове**. Самцы и самки летом сильно схожи. Спина, задняя часть шеи и голова темные с зеленым металлическим отливом и красно-пурпурным блеском. Крылья черные с фиолетово-синим блеском. Бока головы и шеи белые. Передняя часть головы, полоска под клювом и зоб черные. Бока тела, подмышки и брюшко белые.

**üsti çypar reňkli.** Guýrugy ak yzky gyrasy gara zolakly. Güýz-gyş döwründe ýaşy ýeten we ýaş guşlar (bizde şeýle ýelek örtüginde ýygy-ýygydan gabat gelýär) öçügsi reňkli, kellesinde ak reňkiň agdyklyk etmeginde gowşak saýgardýan metal öwüşgini we gowşak ösen hüpükli. Sesi "çii-wy-hii-wy". Horazlarynyň ganaty – 216-237, mākiýanlarynyňky – 214-230 mm, horazlarynyň agramy - 191-237, mäkiýanlarynyňky – 180-210 g .

<u>Meňzeşlikleri-tapawutlary</u>: **insiz hüpügi, garamtyl tegelenen ganatlarynyň uludygy we guýrugynyň gyrasyndaky gara zolaklary** bilen beýleki çuluklaryň ählisinden tapawutlanýar.

<u>Ýaýran ýerleri</u>: arealynda höwürtgeleýän bölegi – tutuş Ýewraziýanyň sähra, tokaýly sähra, bölekleýin tokaý zolaklary, uçup geçende giň ýaýrawly. Günbatar Ýewropada, Ortaýer deňzinde, Ýakyn Gündogarda, Kiçi, Orta Aziýanyň günortasynda, Alynky, Gündogar we Gönorta-Gündogar Aziýanyň käbir ýerlerinde gyşlaýar. Türkmenistanda - içki suwlarda, oazislerde we Hazar deňziniň kenarynda duşýar.

<u>Ýaşaýşy</u>: uçup geçýän, bölekleýin gyşlaýan guş. Ýazyna-martyň aýagynda - aprelde, gijä galyp geçýänleri – maýda uçup geçýār, göçüp uçup gezýānleri iýunda gabat gelmegi mümkin. Güýzüne–awgustyň ikinji ýarymynda-noýabrda uçup geçýär. Gurçuklar, balykgulaklar, mörmöjekler, olaryň liçinkalary bilen iýmitlenýär.

<u>Statusy</u>: az sanly, uçup geçende käbir ýerlerde adaty görnüş. Ikinji derejeli aw guşy.

**Подхвостье и надхвостье рыжие**. Хвост белый с черной полосой на заднем крае. Взрослые и молодые птицы в осенне-зимний период (у нас в таком наряде встречаются чаще всего) окрашены тускло, без ярко выраженного металлического блеска с преобладанием белого цвета на голове и слабо развитым хохолком. Голос – «чьии-вы-хьии-вы, чьии-вы-хьии-вы». Крыло у самцов – 216-237, у самок – 214-230 мм, вес самцов – 191-237, самок – 180-210 г.

<u>Сходства – отличия</u>: от всех куликов хорошо отличается **узким хохолком, большими темными закругленными крыльями и черной полосой по краю хвоста**.

<u>Распространение</u>: гнездовая часть ареала – степная, лесостепная, частично лесная зоны почти всей Евразии, на пролете – шире. Зимует в Западной Европе, в Средиземноморье, на Ближнем Востоке, в Малой, Передней, на юге Средней и, местами, в Восточной и Юго-Восточной Азии. В Туркменистане – на внутренних водоемах, в оазисах и на Каспийском побережье.

<u>Образ жизни</u>: пролетная, частично зимующая птица. Весенний пролет – в конце марта и в апреле, позднепролетные – в мае, летующие могут попадаться в июне. Осенний пролет – со второй половины августа по ноябрь. Питается червями, моллюсками, насекомыми и их личинками.

<u>Статус</u>: немногочисленный, на пролете местами обычный вид. Второстепенный объект охоты.



## 130. Daş dörüji çuluk – *Arenaria interpres* – Камнешарка

<u>Meýdan alamatlary</u>: sar ölçegli, konusşekilli gysga **gara çüňkli we aýaklary mämişi reňkli** maýda çuluk. Ýaz-tomus aýlary ala ýelekli, ýaşy ýeten guşlarda ak, gara we goňras reňkler agdyklyk edär. Gara nagyş gözüniň töweregi we çüňki üçin häsiýetli, garny ak. Güýž-gyşky ýelek örtüginde ýaşy ýeten we ýaş guşlaryň reňkleri az garşylykly, aýaklarynyň reňki hem tutuk. Sesi pert "ket-ket-ket". Horazlarynyň ganaty - 142-153, mäkiýanlarynyňky – 145-157 mm, agramy - 70-150 g.

<u>Meňzeşlikleri-tapawutlary</u>: kellesiniň garşylykly reňklidigi, garamtyl çüňküniň gysgalan-toýnukşekillidigi we mämişi aýaklarynyň dört barmaklydygy bilen beýleki maýda çuluklardan tapawutlanýar.

<u>Ýaýran ýerleri</u>: arealynda höwürtgeleýän bölegi - Ýewrazýnyň we Demirgazyk Amerikanyň deňizleriniň demirgazyk kenarýakalary. Uçup geçende giň ýaýran. Türkmenistanda, aglaba, Hazar deňziniň kenarynda we içki suwlarda duşýar. Günbatar Ýewropanyň, Afrikanyň, Arabystanyň, Günorta we Günorta-Gündogar Azýanyň, Awstraliýanyň, Merkezi, Günorta Amerikanyň kenarýakalarynda gyşlaýar.

<u>Ýaşaýşy</u>: uçup geçýän, bölekleýin gonup uçup gezýan guş. Ýazyna-aprel-maýda uçup geçýār, gonup uçup gezýānleri iýun-iýulda gabat gelýār, güýzine – awgustyň ikinji ýarymyndan-oktýabrda, gijä galanlary noýabda uçup geçýārler. Maýda daşjagazlary peşäp balykgulaklar, leňňeçler, mör-möjekler we olaryň

<u>Полевые признаки</u>: небольшой кулик крупнее скворца, с коротким **темным конусовидным клювом и оранжевыми ногами**. В весенне-летнем пестром наряде у взрослых птиц преобладают белые, черные и каштановые оттенки. Около глаз и клюва характерный черный узор, брюхо белое. Осенне-зимний наряд взрослых и молодых менее контрастен и не так ярок, ноги также менее яркой окраски. Голос – резкое «кет-кет-кет». Крыло самцов 142-153, самок – 145-157 мм, вес – 70-150 г.

<u>Сходства – отличия</u>: от других мелких куликов отличается характерной контрастной окраской головы, укорочено-коническим темным клювом и оранжевыми четырехпалыми ногами.

<u>Распространение</u>: гнездовая часть ареала – побережья северных морей Евразии и Северной Америки. На пролете – намного шире. В Туркменистане, преимущественно, на Каспийском побережье и внутренних водоемах. Зимует по побережьям Западной Европы, Африки, Аравии, Южной и Юго-Восточной Азии, Австралии, Центральной Южной Америки.

<u>Образ жизни</u>: пролетная, частично летующая и эризодически зимующая птица. Весенний пролет – в апреле-мае, летующие – в июне-июле, осенний пролет – с начала августа по конец октября, позднепролетные особи – в ноябре. Питаются моллюсками, рачками, насекомыми и их личинками,




**Çuluklaryň uçup barýarka görnüşi**: 1 – gyzylinjik; 2 – bizçüňk çuluk; 3 – alahekek-çuluk; 4 – ebek; 5 – uly jeňňel ebegi; 6 – tokaý ebegi; 7 – uly ýylkyçy; 8 – uly ikburun; 9 – kiçi kebez; 10 – bezziltik; 11 – altynsow çuluk; 12 – tules çulugy; 13 – gyzyl aýajykly çuluk; 14 – uly ulit çulugy; 15 – daş dörüji çuluk.

**Кулики в полете**: 1 - ходулочник; 2 - шилоклювка; 3 - кулик-сорока; 4 - бекас; 5 - дупель; 6 - вальдшнеп; 7 - большой кроншнеп; 8 - большой веретенник; 9 - малый зуек; 10 - чибис; 11 - золотистая ржанка; 12 - тулес; 13 - травник; 14 - большой улит; 15 - камнешарка.



liçinkalary bilen iýmitlenýär (guşuň ady şonuň bilen bagly), emma olar ösümlikleriň tohumlary bilen iýmitlenmekleri hem mümkin.

Statusy: az sanly görnüş.

переворачивая при этом камешки или ракушки (отсюда происходит название птицы), но могут питаться и семенами.

Статус: Немногочисленный вид.

### Bizçüňkliler – *Recurvirosrtriidae* – Шилоклювковые

Aýaklary we çüňki uzalan, başgalara garanyňda, gowresi uly çuluklar maşgalasy. Gara we ak – garşylykly reňkli. Jemi 4 görnüş, şol sanda 2-si Türkmenistanda.

Семейство сравнительно крупных куликов с удлиненными ногами и клювом. Окраска контрастная – черно-белая. Всего 4 вида, в том числе 2 – в Туркменистане.

### 131. Gyzylinjik – *Himantopus himantopus* – Ходулочник

Meýdan alamatlary: gumrynyň ölçegindäki, ýöne hemme beden bölekleri sazlaşykly bolmadyk, **uzyn gyzyl aýakly we gara reňkli göni inçe çüňkli** çuluk. Uly guşlaryň reňki garşylykly: kellesiniň üstki tarapy, arkasy we ganatlary gara, bedeniniň aşaky bölegi we guýrugy ak. Mäkiýanynda garşylykly reňkler az, goňurrak. Ýaşlary çalymtyl, boýny garamtyl-çal öwüşginli we aýaklary goňurrak. Sesi gulagyňy deşiji – "terk-terk-terk-terk". Horazlarynyň ganaty - 228 - 248, mäkiýanlarynyňky – 204-233, çüňki – 59-70 mm, agramy - 150 g çenli.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: aýaklarynyň uzyndygy, çüňküniň göni uzyndygy we ýelek örtüginiň garşylykly reňklidigi bilen çuluklaryň ählisinden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän ýerleri giň we bölekleýin – Günorta we Günorta-Gündogar Ýewropa, Gazagystan, Kiçi, Alynky, Orta we Merkezi Aziýanyn günbatary, onuň günorta-gündogarynyň käbir çetleri, Demirgazyk Amerikanyň günorta bölegi. Türkmenistanda–içki suw ýataklarynda we Hazar deňziniň

Полевые признаки: кулик размером тела с горлицу, но на непропорционально высоких **красных ногах и с тонким прямым клювом черного цвета**. Окраска взрослых птиц контрастная: верхняя часть головы, спина и крылья черные, нижняя часть тела и хвост белые. Самки менее контрастные, буроватые. Молодые птицы сероватые, с темным серым налетом на шее и буроватыми ногами. Голос – пронзительное «терк-терк-терк-терк». Крыло самцов – 228-248, самок – 204-233, клюв – 59-70 мм, вес – до 150 г.

Сходства – отличия: от всех куликов отличается высокими ногами, длинным прямым клювом и контрастным оперением.

Распространение: область гнездования обширна и мозаична – Южная и Юго-Восточная Европа, Казахстан, Малая, Передняя, Средняя и запад Центральной Азии, местами на крайнем ее юго-востоке, южная часть Северной Америки. В Туркменистане – на внутренних водоемах и Каспийском побере-

kenarynda gabat gelýär. Uçup geçende giňişleýin duşýar. Afrikanyň günorta böleginde, Hindistanda we Hindihytaýda, Awstraliýada, Täze Zelandiýada, Merkezi we Günorta Amerikada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän guş. Ýazyna martyň aýagyndan maýyň başynda, güýzine – awgustyň soňundan noýabrda uçup geçýär. Maýyň ortasyndan awgustyň aýagyna çenli höwürtgeleýär. Suwbatgalyk ýerlerde gezýär. Aýratyn jübüt ýa-da topar bolup, ýerde ýa-da tümmekleriň gapdallarynda höwürtge gurýar. Höwürtgesi içine ösümlik sypallary düşelen ýalpajyk çukurjyk. 4 sany gara-goňur menekli, goňurrak-çalymtyl-ýaşyl ýumurtgalary goýýar. Jüýjeleri iýunyň ortasynda çykýar, iýulyň ikinji ýarymynda – awgustyň başynda uçurum bolýarlar. Balykgulaklar, leňňeçler we suwdaky mörmöjekler bilen iýmitenýär.

Statusy: ýaşamaga amatly ýerlerde adaty görnüş.

жье. На пролете встречается очень широко. Зимует в южной половине Африки, Индостане и Индокитае, Австралии, Новой Зеландии и Центральной и Южной Америке.

Образ жизни: пролетная, гнездящаяся птица. Весенний пролет – с конца марта до начала мая. Осенний – с конца августа по ноябрь. Гнездовой период – с середины мая до конца августа. Всюду придерживается водно-болотных местообитаний. Гнездится на земле или кочках отдельными парами или небольшими группами. Гнездо – на сухом месте в виде ямки с выстилкой из обрывков растений. В кладке, обычно, 4 буровато-серозеленых с черно-бурыми пятнами яйца. Пуховички появляются с середины июня, летными становятся во второй половине июля-начале августа. Питается моллюсками, рачками и водными насекомыми.

Статус: в подходящих местообитаниях обычный вид.

### 132. Bizçüňk çuluk – *Recurvirostra avosetta* – Шилоклювка

Meýdan alamatlary: gumry ölçegindäki uly çuluk, ýöne aýaklary we ýokaryk gaýşak **gara reňkli ýasy çüňki inçeden uzyn**. Horazy we mäkiýany birmeňzeş garşylykly reňkli. Kellesiniň üsti, ýeňsesi, boýnunyň yzky tarapy gara, ganatlary gara bilen ak, galan ýelek örtügi ak. Aýaklary mawymtyl-çal, öňki barmaklarynyň arasy perdeli. Ýaşlarynyň gara reňki goňur bilen çalyşýar, ganatlarynyň uçlary çypar reňkli. Sesi – "klýup-klýup-klýup" ýa-da "kwit- kwit- kwit". Horazlarynyň ganaty - 214-234, mäkiýanlarynyňky – 211-232 mm, agramy - 350 g golaý.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: **garşylykly gara-ak** ýelek örtüklidigi, mawymtyl-çal reňkli aýaklarynyň uzyndygy we uzyn çüňkiniň ýokarylygyna gaýşakdygy (jaýty) bilen beýleki çuluklardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän döwründe - Günbatar, Günorta we Günorta-Gündogar Ýewropanyň kenar-ýakalary, Gazagystan, Merkezi, Orta (käbir ýerlerinde), Alynky we Kiçi Aziýa, şeýle-de Gündogar we Günorta Afrika. Uçup geçende giň ýaýran. Türkmenistanda-içki suw ýataklarynda we Hazaryň kenarynda gabat gelýär. Ýewropanyň günbatar çetlerinde, Ortaýer deňzinde, Hazar deňziniň günortasynda, Pars aýlagynyň demirgazygynda, Hindistanyň demirgazyk-günbatarynda, Afrikanyň günbatar we gündogar kenarlarynda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän, bölekleýin gonup-göçüp gezýän we seýregräk gyşlaýan guş. Ýazyna-martyň ikinji ýarymyndan maýyň başyna çenli uçup geçýär, gonup-göçüp gezýänleri– iýun-iýulda duşýarlar. Güýzüne-awgustyň ikinji ýarymyndan noýabra çenli uçup geçýär. Gyş ýyly gelende käte dekabr-fewralda hem gabat gelýär. Maýda oňurgasyzlar bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sany, bizde gowşak öwrenilen görnüş.

Полевые признаки: крупный кулик, тело размером с горлицу, но на высоких ногах и с длинным **тонким плоским клювом черного цвета, изогнутым кверху**. Самцы и самки окрашены сходно, контрастно. Верх головы, затылок, задняя сторона шеи – черные, крылья – белые с черным, остальное оперение белое. **Ноги голубовато-серые**, на передних пальцах перепонка. У молодых птиц черный цвет заменен бурым, крылья имеют рыжие концы. Голос – «клюп-клюп-клюп» или «квит-квит-квит». Крыло самцов – 214-234, самок – 211-232 мм, вес – около 350 г.

Сходства-отличия: от других куликов отличается **контрастным черно-белым** оперением, высокими ногами голубовато-серого цвета и длинным изогнутым кверху клювом.

Распространение: в гнездовой период – на побережьях Западной, Южной и Юго-Восточной Европы, в Казахстане, в Центральной, местами в Средней, Передней и Малой Азии, а также в Восточной и Южной Африке. На пролете – шире. В Туркменистане – на внутренних водоемах и Каспийском побережье. Зимует на крайнем западе Европы, в Средиземноморье, на юге Каспия, севере Персидского залива, на северо-западе Индостана, западном и восточном побережьях Африки.

Образ жизни: пролетная, частично летующая (спорадически гнездится) и изредка зимующая птица. Весенний пролет – со второй половины марта до начала мая, летующие – в июне-июле. Осенний пролет – со второй половины августа до ноября. В теплые зимы – изредка в декабре-феврале. Питается мелкими беспозвоночными.

Статус: немногочисленный, малоизученный у нас вид.

### Çuluk-alahekekler – *Haematopodidae* – Кулики-сороки

Aýaklary we çüňki gyzyl bolan gara-ak reňkli uzynçüňkli uly çuluklar maşgalasy. Maşgala 4 görnüşi özünde jemleýär, onuň 1 wekili Türkmenistanda.

Семейство крупных длинноклювых куликов черно-белой окраски с красными ногами и клювом. Семейство включает 4 вида, с одним представителем в Туркменистане.

## 133. Alahekek-çuluk – *Haematopus ostralegus* – Кулик-сорока

Meýdan alamatlary: kepderi ölçegli, **kelteräk ýakly we gyzyl reňkli, uzyndan göni çüňkli** uly çuluk. Ýaşy ýeten horazlary we mäkiýanlary meňzeş, garşylykly reňkli. Kellesi, boýny, arkasynyň üsti, ganatlary we guýrugynyň ujy gara, aşaky tarapy ak. Gyş döwründe garşylykly reňkleriniň tapawudy azalýar. Ýaşlarynyň ýelek örtüginiň gara bölegi ak nagyşly goňur bilen çalyşýar. Bokurdagy köplenç ak zolakly ýa-da menekli. Aýaklary üçbarmakly gülgüne reňkli. Sesi başda "kip-kip-kip", soňra "kli-kli-kli-ä" geçýär. Horazlarynyň ganaty - 241-266, mäkiýanlarynyňky – 237-267, çüňki – 62-101 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: görnüşleriň arasynda meňzeşi ýok.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän döwründe – Ýewropanyň, Gazagystanyň we Günbatar Sibiriň suw ýataklarynyň kenarýakalary, Orta we Gündagar Aziýanyň käbir ýerleri. Uçup geçende giňişleýin duşýar. Türkmenistanda içki suw ýataklarda we Hazar deňziniň kenarýakasynda gabat gelýär. Günbatar Ýewropanyň, Demirgazyk-Günbatar we Gündogar Afrikanyň, Arabystanyň, Hindistanyň, Günorta-Gündogar Hytaýyň we Täze Zelandiýanyň ummanly kenarýakalarynda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän we käte höwürtgeleýän guş. Ýazyna-martdan maýyň başyna çenli, güýzüne – awgustdan noýabr aralykda uçup geçýär. Maýyň ortasyndan jübüt ýa-da kiçiräk topar bolup, çägelik, daşlyja adajyklarda we burunlarda höwürtgeleýär. Höwürtgesi – içine balykgulak, daşjagazlar, zir-zibil ýa-da ösümlik galyndylary düşelenje çukurjyk. 3-4 sany garamtyl goňur menekli çyparrak reňkli ýumurtgalary goýýar. Jüýjeleri iýunyň başynda, iýulda uçurym bolýar. Balykgulaklar, mör-möjekler, daşlaryň aşagyny dörüp, olaryň liçinkalary bilen iýmitlenýär. Höwürtgeleýän döwründe beýleki guşlaryň ýumurtgalaryny çokmaklary hem mümkin.

Statusy: az sany, uçup geçende käbir ýerlerde adaty görnüş.

Полевые признаки: крупный кулик размером с голубя, **с невысокими ногами и длинным прямым клювом красного цвета**. Окраска взрослых самцов и самок сходная, контрастная. Голова, шея, верх спины, крылья и конец хвоста черные, нижняя часть белая. В зимний период окраска менее контрастная. У молодых птиц черная часть оперения заменена бурым с беловатыми каймами перьев. На горле часто белая полоска или пятно. Ноги трехпалые розового цвета. Голос – «кип-кип-кип», переходящий в «кли-кли-кли». Крыло самцов – 241-266, самок – 237-267, клюв – 62-101 мм.

Сходства-отличия: сходных видов нет.

Распространение: в гнездовой период – побережья водоемов Европы, Казахстана и Западной Сибири, местами в Средней и Восточной Азии. На пролете – шире. В Туркменистане – на внутренних водоемах и Каспийском побережье. Зимует на океанических побережьях Западной Европы, Северо-Западной и Восточной Африки, Аравии, Индостана, Юго-Восточного Китая и Новой Зеландии.

Образ жизни: пролетная местами гнездящаяся птица, единично в теплые годы зимует. Весенний пролет – с конца марта до начала мая. Осенний – с августа по ноябрь. Гнездится одиночными парами или небольшими колониями на песчаных и галечниковых островках и косах, с середины мая. Гнездо – небольшая ямка с выстилкой из ракушки, камешков, мелкого мусора или обрывков растений. В кладке 3-4 рыжеватых с темными бурыми пятнами яйца. Пуховички с начала июня, а летные – в июле. Питается, моллюсками, насекомыми и их личинками, которых ищет, переворачивая камешки. В гнездовой период может поедать яйца других птиц.

Статус: немногочисленный, местами на пролете обычный вид.

## Ebekler – *Scolopacidae* – Бекасовые

Ölçegleri maýda, orta ýa-da uly, çüňki we aýaklary orta uzynlykda bolan çuluk guşlaryň topary. Beýleki çuluklar bilen deňeşdireniňde, örän ýaşyryn gezýärler. Reňkleri penalaýjy, tutugrak, adatça, garamtyl dik menekli. Dünýäde 80 görnüş, şolaryň 28-si Türkmenistanda. Olar çäge çuluklaryň aşaky maşgalasynyň- eweklerin, ikburunlaryň, ulitleriň we ýüzegenjeleriň wekilleridir.

Группа птиц – кулики мелких, средних или крупных размеров, клюв и ноги средней длины. По сравнению с другими куликами очень скрытны. Окраска покровительственная, не яркая, обычно с темными продольными пестринами. В мире 80 видов, 28 из которых в Туркменистане. Это представители подсемейств песочники, бекасы, веретенники, улиты и плавунчики.

## 134. Island çäge çulugy – *Calidris canutus* – Исландский песочник

Meýdan alamatlary: gumry ölçegli uly çäge çulugy. Çüňki we aýaklary gara, ýöne güýz-gyş döwründe (bizde duşýan wagtlary) **aýaklary çalymtyl-ýaşyl reňkli.** Horazlarynyň tomusky ýelek örtüginde üstki tarapy gara-goňur, ýelekleriniň uçlary agymtyl we poslyrak tegmilli, garyn tarapy, boýny, "duluklary" we bölekleýin boýnunyň yzy goýy-posly reňkli. Garny agymtyl, guýrugynyň aşagy, goltugy we böwürleri kese nagyşly ak. Mäkiýanlarynyň üsti tüsse reňkli, garyn tarapy meneklenen ak ýelekli. Ulularynyň we ýaslarynyň gyşky ýelek örtügi meňzeş. **Arka tarapy**

Полевые признаки: крупный, размером с горлицу кулик. Клюв и ноги черные, но **в осенне-зимний период** (когда может встречаться у нас) **ноги серо-зеленого цвета**. Самцы в летнем наряде сверху черно-бурые с белесыми кончиками перьев и ржавчатыми пятнами на их концах, а брюшная сторона, шея, «щеки» и частично зашеек густо-ржавчатые. Брюшко светлое, подхвостье, подмышки и бока белые с поперечным рисунком. Самки сверху более дымчатые, на брюшной стороне с вкраплениями белых перьев. В зимнем оперении

**garamtyl tüsse reňkli, garny açyk gögümtil ýokundyly.** Ganaty - 162-173 mm, agramy – 60-81 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: çüňküniň uzyndygy we gönüdigi bilen ikburunlardan (ikburunyňky göni we egmek); aýagynyň uzyndygy we häsiýeti bilen ulitlerden tapawutlanýar. Iýmitlenende köplenç kenarýakadaky ösümlikleriň arasynda gezýär.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän döwründe Ýewraziýanyň we Amerikanyň tundra zolagynda ýaşaýar. Uçup geçende günorta tarapda giň ýaýrawly. Türkmenistanda, aglaba, Hazar deňziniň kenarýakasynda duşýar. Esasan, Merkezi we Günorta Amerikanyň günorta çetlerinde, Günbatar Ýewropada we Günbatar Afrikada, Günorta-Gündogar Aziýanyň käbir ýerlerinde, Awstraliýada, Täze Zelandiýanyň ummanly kenarýakasynda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän guş, migrasiýa döwründe ýek-tük osoblary Hazar deňziniň kenarýakasynda we beýleki uly suw ýataklarynda gabat gelmekleri mümkin.

Statysy: bizde entek öwrenilmedik, seýrek görnüş.

самцы, самки и молодые окрашены сходно. **Спинная сторона темная дымчатая, брюшная – светлая с сизоватым налетом**. Крыло – 162-173 мм, вес – 60-81 г.

Сходства – отличия: от веретенника отличается длиной и формой клюва – короткий и прямой (у веретенника – длинный и изогнутый), от улитов отличается высотой ног и поведением. При кормежке больше держится среди прибрежной растительности.

Распространение: в гнездовой период населяет тундры Евразии и Америки. В периоды миграций – широко к югу. В Туркменистане, преимущественно, на побережье Каспия. Зимует, в основном, на океанских побережьях Центральной и крайнего юга Южной Америки, Западной Европы и Западной Африки, местами Юго-Восточной Азии, Австралии и Новой Зеландии.

Образ жизни: пролетный вид (единично может быть летом) на побережье Каспия и, возможно, по другим крупным водоемам.

Статус: редкий, у нас не изученный вид.

### 135. Çäge çulugy – *Calidris alba* – Песчанка

Meýdan alamatlary: sar ölçegli **kiçiräk gara çüňkli** we yzky barmagy bolmadyk **gara aýakly** çuluk. Tomsuna uly guşlaryň arka ýelekleri poslurak-çypar öwüşginli gara, kellesi, boýny we döşi gara menekli çyparrak, garny ak. Ululary, şeýle-de ýaşlary **güýz-gyş döwründe**, bizde duşýan wagtlary, **ýagty-çal, kellesi, boýny we döşi çypar öwüşginsiz. Aşaky tarapy ak.** Horazlarynyň ganaty - 115-129, mäkiýanlarynyňky – 114-125 mm, agramy - 45-50 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: kellesindäki, boýnundaky, döşündäki we böwürlerindäki çyparrak ýokundysy (tomusky ýelek örtüginde), garyn tarapynda sary, gyzyl we gara reňkleriň ýokdugy, şeýle-de yzky barmagynyň (guşy eliňe alanyňda) ýokdygy bilen beýleki çäge çuluklardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän döwründe - Ýewraziýanyň we Amerikanyň arktika tundrasynda, migrasiýa döwründe günorta tarapda giňişleýin ýaýran. Türkmenistanda – Hazar deňziniň kenarýakasynda we içki suw ýataklarynyň käbirlerinde. Günbatar Ýewropanyň, Afrikanyň, Günorta Aziýanyň, Awstraliýanyň, Merkezi we Günorta Amerikanyň ummanly kenarýakalarynda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän, bölekleýin gyşlaýan guş. Ýazyna-aprel-maýda uçup geçýär, gijä galanlay iýunda saklanýar. Güýzine – sentýabr-noýabrda. Gyş amatly bolan ýyllary ýekelikde we kiçiräk topar bolup, dekabr-fewralda gabat gelýär. Deniz kenarýakasynyň çägeli, çägeli-daşly we çagelik-gyrmançaly ýerlerinde, şeýle-de beýleki suw ýataklarynda mekan tutýar. Çybynlar, olaryň liçinkalary, beýleki maýda oňurgasyzlar, käte ösümlikleriň dürli bölekleri bilen iýmitlenýär.

Statusy: az öwrenilen, az sany görnüş.

Полевые признаки: размером со скворца **с небольшим черным клювом и черными ногами**, на которых отсутствует задний палец. У взрослых птиц летом перья спины черные с ржаво-рыжим налетом, голова, шея и грудь – рыжеватые с черными пестринами, а брюшко белое. Взрослые птицы, как и молодые, **в осенне-зимний период**, когда встречаются у нас, **светло-серые, без рыжего налета на голове, шее и груди**. Низ белый. Крыло самцов – 115-129, самок – 114-125 мм, вес – 45-50 г.

Сходства – отличия: от других песочников отличается (но в летнем оперении) рыжеватым налетом на голове, шее, груди и боках, отсутствием желтого, красного и черного цвета на брюшной стороне, а также отсутствием заднего пальца (видно при непосредственном контакте).

Распространение: в гнездовой период – арктические тундры Евразии и Америки, в периоды миграций – широко к югу. В Туркменистане на побережье Каспия, местами на внутренних водоемах. Зимует, в основном, на океанских побережьях Западной Европы, Африки, Южной Азии, Австралии, Центральной и Южной Америки.

Образ жизни: пролетная, частично зимующая птица. Весенний пролет – в апреле-мае, позднепролетные задерживаются в июне. Осенний пролет – в сентябре-ноябре. В благоприятные зимы одиночки и мелкие стайки – в декабре-феврале. Встречается на песчаных, песчано-галечных, редко песчано-илистых участках морского побережья, не исключено и других крупных водоемов. Питается комарами, их личинками, другими мелкими беспозвоночными, изредка вегетативными частями растений.

Статус: малоизученный, немногочисленный вид.

### 136. Serçe-çuluk – *Calidris minuta* – Кулик-воробей

Meýdan alamatlary: gönüden gysga çüňkli we aýaklary gara reňkli, **serçe ölçegli maýda çuluklar.** Ýaşy ýeten guşlaryň üstki tarapy

Полевые признаки: **мелкий кулик размером с воробья**, с прямым коротким клювом и ногами черного цвета. Взрослые птицы

we böwürleri çyparrak, zyra-zyraly. Döşüniň gapdal menekleri gara, aşaky tarapy ak, gözüniň üstündäki gaşy tutuk reňkli. **Guýrugynyň ortaky ýelekleri gara, galanlary ýagty reňkli (uçanda görünýär).** Gyşyna ýelek örtügi we ýaş guşlaryň arkasy çalymtyl-goňur, garyn tarapy ak reňkli, petekesi kirliräk-çypar ýokundyly. Horazlarynyň ganaty - 87-102, mäkiýanlarynyňky – 84-102 mm, agramy - 22-40 g.

сверху и с боков рыжеватые, рябые. Пестрины на боках груди черные, низ белый, над глазом неяркая бровь. **Средние перья хвоста черные, остальные светлые (заметны в полете).** В зимнем пере и молодые с серовато-бурой спиной, белым брюшком и грязно-рыжим налетом в области зоба. Крыло самцов – 87-102, самок – 84-102 мм, вес – 22-40 г.

<u>Meňzeşlikleri-tapawutlary</u>: aýaklarynyň garadygy we arkasynyň çyparrak öwüşginlidigi bilen ak guýruk çäge çulukdan; ölçegleriniň kiçidigi, bokurdagynyň we guýruk üstüniň akdygy, barmaklarynyň gysgadygy bilen beýleki çäge çuluk-ardan tapawutlanýar.

<u>Сходства – отличия</u>: от белохвостого песочника отличается черными ногами и рыжеватым тоном спины, от других песочников – мелкими размерами, белым горлом и надхвостьем, короткими пальцами.

<u>Ýaýran ýerleri:</u> höwürtgeleýän döwründe – Ýewraziýanyň, demirgazyk-gündogar böleginden başgalarynda, tundra we tokaýly tundra zolagynda. Migrasiýa döwründe günortada giň ýaýran. Türkmenistanda - Hazar deňziniň kenarýakalarynda, emma köplenç içki suw ýataklarynda. Ortaýer deňzinde, Afrikada we Günorta Aziýada gyşlaýar.

<u>Распространение</u>: в гнездовой период – тундры и лесотундры Евразии, кроме северо-восточной части. В периоды миграций – шире и южнее. В Туркменистане на побережьях Каспия, но, преимущественно, внутренних водоемов. Зимует в Средиземноморье, Африке и Южной Азии.

<u>Ýaşaýşy:</u> uçup geçýän, göçüp-uçup gezýän, amatly ýyllarda gyşlaýan görnüş. Ýazyna martyň ortasyndan iýunyň başyna çenli uçup geçýär, gonup-uçup gezýänleri iýulda gabat gelýär, güýzüne-awgust-noýabr aralykda. Köplenç çybynlaryň liçinkalary, beýleki maýda oňurgasyzlar bilen seýregräk iýmitlenýär.

<u>Образ жизни</u>: пролетный, летующий, в благоприятные годы зимующий вид. Весной пролет с середины марта-до начала июня, попадается и в июле, осенний пролет – с августа по ноябрь. Питается, преимущественно, личинками комаров, реже другими мелкими беспозвоночными.

<u>Statusy:</u> köp sanly däl, Hazar deňziniň käbir ýerlerinde adaty görnüş.

<u>Статус</u>: малоизученный немногочисленный, местами на Каспии обычный вид.



## 137. Akguýruk çäge çulugy – *Calidris temminckii* – Белохвостый песочник

<u>Meýdan alamatlary:</u> serçe ölçegli, kiçiräk gara çüňkli we ýaşylymtyl-çal ýa-da sarymtyl aýakly çäge çulugy. Tomsyna ulularynyň arkasy goňurrak-çal bolup, ýelekleri garamtyl sütünli we olaryň pelpelleýjileri goňurrak gyraly. Garyn tarapy ak, petekesi, boýny we döşüniň öňki bölegi çalymtyl-çyparrak ýa-da poslyrak. **Guýrugy ak, emma ortaky sowguç ýelekleri beýlekilerinden gararak we uzynrak.** Gyş-güýz döwründe ulularynyň we ýaşlarynyň arkasy çalymtyl-ýaşyl öwüşginli tüsse reňkli-goňur. Garny ak, petekesi, boýny we döşüniň öňki bölegi çalymtyl ýokundyly. Horazlarynyň ganaty - 80-103, mäkiýanlarynyňky – 78-105 mm, agramy - 23-33 g.

<u>Meňzeşlikleri-tapawutlary</u>: arkasynyň goňurrak öwüşginlidigi we **aýaklarynyň agymtyldygy** bilen beýleki maýda çäge çuluklardan tapawutlanýar.

<u>Ýaýran ýerleri:</u> höwürtgeleýän döwründe - Ýewraziýanyň tundra giňişligi. Uçup geçende - günortada giň ýaýran. Türkmenistanda - içki suw ýataklarda we Hazar deňziniň kenarýakasynda. Esasan, Merkezi Afrikada, Günorta we Günorta-Gündogar Aziýada gyşlaýar.

<u>Ýaşaýşy:</u> uçup geçýän guş. Ýazyna-martyň aýagynda we maýda hem uçup geçýär, şonda olar güýzkä garanyňda köp sanly. Güýzüne – iýulyň aýagyndan oktýabr aralykda uçup geçýär. Beýleki çäge çuluklary ýaly dürli maýda oňurgasyzlar, çybynlar we olaryň liçinkalary bilen iýmitlenýär.

<u>Statusy:</u> ýeterlik öwrenilmedik, seýrek görnüş.

<u>Полевые признаки</u>: размером с воробья, мелкий кулик с небольшим черным клювом и зеленовато-серыми или желтоватыми ногами. Взрослые птицы летом с буровато-серой спиной, темными стержнями перьев и буроватыми краями их опахал. Брюшная сторона белая, с серовато-рыжим или ржавчатым налетом на зобе, шее и передней части груди. **Хвост белый, но средние перья хвоста темные и длиннее остальных**. В осенне-зимний период у взрослых, как и у молодых, спина дымчато-бурая с серо-зеленым оттенком. Брюшко белое с сероватым налетом на зобе, шее и передней части груди. Крыло самцов – 80-103, самок – 78-105 мм, вес – 23-33 г.

<u>Сходства – отличия</u>: от других мелких песочников отличается буроватым тоном спины и **светлыми ногами**.

<u>Распространение</u>: в гнездовой период – тундры Евразии. На пролетах – широко к югу. В Туркменистане – внутренние водоемы и побережье Каспия. Зимует, в основном, в Центральной Африке, Южной и Юго-Восточной Азии.

<u>Образ жизни</u>: пролетная птица. На весеннем пролете встречается с конца марта и еще в мае, когда более многочисленен, чем осенью. Осенний пролет – уже с конца июля и по октябрь. Питается, как и другие песочники, различными мелкими беспозвоночными, комарами и их личинками.

<u>Статус</u>: недостаточно изученный, редкий вид

## 138. Gyzyl petekelije çuluk – *Calidris ferruginea* – Краснозобик

Meýdan alamatlary: sar ölçegli ululykda. **Aýaklary we aşaklygyna sähelçe egmek uzyn çüňki gara reňkli.** Tomsuna uly guşlaryň **üstki tarapy posly-çypar, ýaňaklary, boýny we garyn tarapy goýy goňras-çypar reňkli.** Garnynyň ýelek örtügi insiz ak gaýmaly. Guýrugynyň üsti ak. Ýaş guşlaryň ýokarsy pos öwüşginli garamtyl - goňur, aşagy çyparrak-gögümtilräk bolup, guýrugynyň üsti ak. Horazlarynyň ganaty - 123-132, mäkiýanlarynyňky - 121-133 mm, agramy - 54-66 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: ölçegleriniň kiçidigi we çüňküniň aşaklygyna sähelçe egmekdigi bilen island çäge çulugyndan we ikburunlardan, edil şonuň ýaly, çüňki, şeýle-de tomsuna garnynyň gara tegmilsizdigi we güýz-gyş döwründe - guýrugynyň üstüniň akdygy bilen gara petekelije çulukdan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän döwründe - Aziýanyň arktika tundrasynda, migrasiýa döwründe – günortada giň ýaýran. Türkmenistanda - Hazar deňziniň kenarýakasynda we içki suw ýataklaryň käbir ýerlerinde. Esasan, Günorta Afrikanyň, Madagaskaryň, Günorta, Günorta-Gündogar Aziýanyň we Awstraliýanyň kenarýakalarynda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän, bölekleýin gonup-uçup gezýän guş. Ýazyna mart-maýda, gonup-uçup gezýänleri iýun-iýulda duşýar, güýzüne awgust-sentýabrda we oktýabryň başynda uçup geçýär. Suwdaky dürli maýda oňurgasyzlar bilen iýmitlenýär.

Statusy: az öwrenilen, köpsanly däl görnüş.

Полевые признаки: тело размером со скворца. **Ноги и длинный, слегка изогнутый книзу клюв черного цвета**. Летом взрослые птицы **ржаво-рыжие сверху, щеки, шея и брюшная сторона густого каштаново-рыжего цвета**. На брюшке узкие беловатые каймы перьев. Надхвостье белое. Молодые птицы темно-бурые с ржавым налетом сверху, рыжевато-сизоватым низом и белым надхвостьем. Крыло самцов – 123-132, самок – 121-133 мм, вес – 54-66 г.

Сходства – отличия: взрослые птицы отличаются от исландского песочника и веретенников мелкими размерами и слегка изогнутым книзу клювом. От чернозобика – тем же клювом, а также оперением, летом – отсутствием черного пятна на брюхе, а в осенне-зимний период – белым надхвостьем.

Распространение: в гнездовой период – арктические тундры Азии, в периоды миграций – широко к югу. В Туркменистане – Каспийское побережье и местами – внутренние водоемы. Зимует, в основном, на побережьях Южной Африки, Мадагаскара, Южной и Юго-Восточной Азии и Австралии.

Образ жизни: пролетная, частично летующая птица. Весенний пролет в марте-мае, летующие – в июне-июле, осенний пролет – в августе-сентябре и начале октября. Питается различными мелкими водными беспозвоночными.

Статус: малоизученный, немногочисленный вид.



## 139. Gara petekelije çuluk – *Calidris alpina* – Чернозобик

Meýdan alamatlary: sar ölçegli, orta ululykdaky çuluk. Çüňki beýlekilere garanyňda uzyn, aýagy gara reňkli. Uly guşlaryň üstki tarapy çyparrak-menek yzly, ýagty petekesi garamtyl menekli, garnynyň aşagy gara we guýrugynyň üsti goňur reňkli. **Gyşyna bedeniniň ýokarsy we petekesi tüsse öwüşginli, aşak tarapy ak, guýrugynyň üsti garamtyl reňkli.** Ýaşlarynyň üsti gyşky ýelek örtüginde uly guşlara çalymdaş, garny we böwürleri goňur tegmilli. Horazlarynyň ganaty - 101-126, mäkiýanlarynyňky - 104-126 mm, agramy - 39-57 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: çüňküniň gönüdigi, tomsuna garnynyň garadygy, gyşyna guýrugynyň üstüniň garamtyldygy bilen gyzyl petekelije çulukdan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän döwründe Ýewraziýanyň tundra we bölekleýin tokaýlytundra zolagynda we Demirgazyk Amerikada, Kanada arhipelagyndan başgalarynda. Uçup geçende we gyşlanynda Günbatar Ýewropanyň, Demirgazyk Afrikanyň, Arabystanyň deňiz kenarýakalarynda, Ortaýer deňzinde, Orta, Günorta we Gündogar Aziýada, Demirgazyk Amerikanyň günorta böleginde duşýar. Türkmenistanda içki suw ýataklarda we Hazar deňziniň kenarýakasynda.

Ýaşaýşy: uçup geçýän, bölekleýin gonup-uçup gezýän we gyşlaýan guş. Uçup gitmegi we ýazyna uçup geçmegi martyň ortasyndan maýyň aýagyna çenli.Gonup - uçup gezýänleri iýun-iýulda duşýar. Güýzüne - awgustdan noýabr aralygynda uçup geçýär.

Полевые признаки: кулик среднего размера – со скворца. Относительно удлиненный клюв и ноги черного цвета. Взрослые птицы рыжевато-рябые сверху, светлым с темными пестринами зобом, черным брюшком и бурым надхвостьем. **Зимой верх тела и зоб дымчатые, низ белый, надхвостье темное**. Молодые птицы сверху похожи на взрослых в зимнем пере с бурыми пятнами на брюшке и боках. Крыло самцов – 101-126, самок – 104-126 мм, вес – 39-57 г.

Сходства-отличия: от краснозобика отличается прямым клювом, летом – черным брюшком, а зимой – темным надхвостьем.

Распространение: в гнездовой период – тундры и частично лесотундры Евразии и Северной Америки, кроме Канадского архипелага. На пролетах и зимовке морские побережья и внутренние водоемы Западной Европы, Северной Африки, Аравии, в Средиземноморье, Средней, Южной и Восточной Азии, южных частях Северной Америки. В Туркменистане – на внутренних водоемах и Каспийском побережье.

Образ жизни: пролетная, частично летующая и зимующая птица. Отлет и весенний пролет – с середины марта до конца мая. Летующие – в июне-июле. Осенний пролет – с августа по ноябрь. Питается мелкими моллюсками, ракообразными, яйцами и личинками насекомых, изредка семенами водорослей (рупии и наяды).

Статус: обычный, особенно на

Maýda balykgulaklar, leňňeçşekilliler, mör-möjekleriň ýumurtgalary we liçinkalary, suwotularyň tohumlary bilen seýregräk iýmitlenýär.

<u>Statusy:</u> adaty, aýratyn-da, Hazar deňziniň kenarýakasynda görnüş.

побережье Каспийского моря, вид.

---

**140.** *Bellik*: Amerikanyň we Ýewropanyň demirgazyk çetlerinde höwürtgeleýän **deňiz çäge çulugy – *Calidris maritima*** Hazar deňzinde bit gezek (1972 ý.) tötänden gabat gelýär. Ol ölçegleri meňzeş bolan çuluklaryň ählisinden aýaklarynyň sarydygy ýa-da çalymtyl-sarydygy we has garamtyl reňklidigi bilen tapawutlanýar.

**140.** *Примечание*: на Каспии спорадично залетает (с 1972 г.) – **морской песочник – *Calidris maritima*,** который гнездится на крайнем севере Америки и Европы. От всех других куликов сходной величины он отличается желтыми или серовато-желтыми ногами и, в целом, более темной окраской.

### 141. Batga çulugy – *Limicola falcinellus* – Грязовик

<u>Meýdan alamatlary:</u> gara reňkli çüňküniň ujy aşaklygyna egmek, serçe ölçegli maýda çuluk. Aýaklary goýy-çal ýa-da çalymtyl-goňur. Uly guşlaryň üstki tarapy garamtyl-goňur, ala, döşi çyparrak-goňur menekli, garny ak. **Kellesi goňur we gapdallaryndan (biri gözüniň üstünde) geçýan ik sany ak zolakly.** Gyşyna üsti çalymtyl, garny agymtyl. Ýaşlary gyşky ýelek örtüginde ýaşy ýeten guşlara çalymdaş. Horazlarynyň ganaty-115-129, mäkiýanlarynyňky - 114-125 mm, agramy - 45-50 g.

<u>Meňzeşlikleri-tapawutlary</u>: çüňküniň aşaklygyna egmekdigi we gapdallaryndan gysylandygy (gapdalyndan ýogyn ýaly bolup görünýär) beýleki çäge çuluklardan; ölçegleriniň kiçidigi we aýaklarynyň garamtyldygy bilen tüýs ebekden tapawutlanýar.

<u>Ýaýran ýerleri:</u> höwürtgeleýän döwründe Ýewraziýanyň tundra zolagynda, uçup geçende günortada giň ýaýran. Türkmenistanda Hazar deňziniň kenarýakasynda we içki suw ýataklarynda seýregräk. Arabystanyň, Günorta Afrikanyň, Günorta, Günorta-Gündogar Aziýanyň, Awstraliýanyň kenarýakalarynyň käbir ýerlerinde gyşlaýar.

<u>Ýaşaýşy:</u> uçup geçýän guş. Ýazyna aprel-maýda, güýzine – awgystyň aýagynda we oktýabryň başynda uçup geçýär. Iýmiti edil beýleki çäge çuluklarynyňky ýaly.

<u>Statusy:</u> az öwrenilen, seýrek görnüş.

<u>Полевые признаки</u>: мелкий, размером с воробья, кулик с изогнутым книзу на конце клювом черного цвета. Ноги темно-серые или серовато-бурые. У взрослых птиц верх черновато-бурый, пестрый, грудь рыжевато-бурая с пестринами, брюшко белое. **На голове: продольная бурая и две боковые (одна уже над глазом) белые полоски**. Зимой верх сероватый, брюшко беловатое. Молодые птицы похожи на взрослых в зимнем оперении. Крыло самцов – 115-129, самок – 114-125 мм, вес – 45-50 г.

<u>Сходства – отличия</u>: от других песочников отличается изогнутым книзу и уплощенным с боков клювом (в профиль кажется толстым), от гаршнепа – мелкими размерами и темными ногами.

<u>Распространение</u>: в гнездовой период – тундры Евразии, на пролете – широко к югу. В Туркменистане – на Каспийском побережье, реже по внутренним водоемам. Зимует местами по побережью Аравии, Южной Африки, Южной и Юго-Восточной Азии, Австралии.

<u>Образ жизни</u>: перелетная птица. Весенний пролет – в апреле-мае, осенний – в конце августе и начале октября. Питание как и у других песочников.

<u>Статус</u>: малоизученный, редкий вид.

### 142. Ýakaly çuluk – *Philomachus pugnax* – Турухтан

<u>Meýdan alamatlary:</u> uzyn aýakly we başgalara garanyňda gysga çüňkli, gumry ölçegli, uly çuluk. Horazlarynyň arkasy jübütleşýän döwründe ala, çyparrak öwüşginli garamtyl-göňur. Döşi meneksiz sarymtyl, garny ak. Jübütleşýän wagty boýnundan "ýaka" häsiýetli dürli reňkdäki (ak, çypar, gara) uzyn ýelekleri ösüp çykýar. Çüňküne ýanaşyk derisi ýalaňaç, siňňilli. Çüňki we aýaklary sary, gyzyl, mämişi yaly dürli reňklerde bolmagy mümkin. Mäkiýany horazyndan kiçi we onuň jübütleşme bezegi has ýönekeý. Horazynyň we mäkiýanynyň **gyşky ýelek örtügi, bizde duşýan wagty, birmeňzeş reňkli. Arkasy çalymtyl-goňur. Kellesi, boýny we döşi çyparrak-goňur, garny ýagty çyparrak - goňur tegmilli.** Ýaşlary gyşky ýelek örtüginde ulularyna çalymdaş, ýöne bokurdagy, garny we guýrugynyň aşagyndaky ýelekleri ak. Horazlarynyň ganaty - 167-193, mäkiýanlarynyňky - 145-160 mm, horazlarynyň agramy - 130-235, mäkiýanlarynyňky – 95-120 g.

<u>Meňzeşlikleri-tapawutlary</u>: köpelýän döwünde "ýakalyk" we "gu-

<u>Полевые признаки</u>: крупный кулик, размером тела с горлицу, на длинных ногах и с относительно коротким клювом. В брачный период самцы сверху пестрые, черновато-бурые с рыжеватым отливом. Грудь с желтизной без пестрин, брюшко белое. На шее в брачный период отрастают характерные «воротники» из длинных перьев различного цвета (белых, рыжих, черных). Возле клюва кожа голая, бородавчатая. Клюв и ноги могут быть окрашены в различные цвета – желтый, красный, оранжевый. Самки мельче самцов, и их брачный наряд более скромный. **В зимнем оперении, когда встречаются у нас, самцы и самки окрашены сходно**. **Спина серовато-бурая. Голова, шея и грудь рыжевато-бурые, брюшко светлое с рыжевато-бурыми пятнами.** Молодые птицы похожи на взрослых в зимнем пере, но с белым горлом, брюшком и нижними кроющими хвоста. Крыло у самцов – 167-193, у самок – 145-160 мм, вес самцов – 130-235 г, самок – 95-120 г.

<u>Сходства – отличия</u>: в период размножения хорошо отличается

lak" bezeglerinin bardygy bilen oňat tapawutlanýar, **emma onuň bizde höwürtgelemeýändigi sebäpli, jübütleşýän bezeginde duşmaýar.** Güýzki-gyşky ýelek örtüginde uzyn aýaklarynyň has çalymtyl-ýaşyl reňki olary beýleki çäge çuluklardan; reňkiniň çyparrak öwüşgindedigi we has gysga çüňklidigi ulitlerden tapawutlandyrýar.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän döwründe Ýewraziýanyň otluk, batgalyklarynda we günorta tundranyň çemenliklerinde, tokaýly zolakda we bölekleýin tokaýly sähralykda. Uçup geçende Afrika we Günorta Aziýa çenli hemme ýerde, şol ýerlerde hem gyşlaýar. Türkmenistanda içki suw ýataklarda we Hazaryň kenarýakasynda.

Ýaşaýşy: uçup geçýän, bölekleýin gonup-uçup gezýän guş. Ýazyna-mart-maýda uçup geçýär, gonup-uçup gezýänleri iýun-iýulda gabat gelýär, güýzüne – awgyst-sentýabrda we oktýabryň başynda uçup geçýär. Dürli maýda suw oňurgasyzlary bilen iýmitlenýär.

Statusy: köp sanly däl görnüş, ikinji derejeli aw guşy.

наличием украшающих «воротников» и «ушек», но **у нас не гнездится и поэтому в брачном наряде встречается редко.** В осенне-зимнем наряде от других куликов-песочников отличается более длинными ногами серо-зеленого цвета, от улитов – рыжеватыми тонами в окраске и более коротким клювом.

Распространение: в гнездовой период – травянистые болота и луга южных тундр, лесотундр, лесной зоны и частично лесостепи Евразии. На пролете к югу повсеместно до Африки и Южной Азии, где зимуют. В Туркменистане – внутренние водоемы и побережье Каспия.

Образ жизни: перелетная, частично летующая птица. Весенний пролет в марте-мае, летующие – в июне-июле, осенний пролет – в августе-сентябре и начале октября. Питается различными мелкими водными беспозвоночными.

Статус: немногочисленный вид, второстепенный объект охоты.

### 143. Tüýs ebek – *Lymnocryptes minimus* – Гаршнеп

Meýdan alamatlary: serçeden ulurak maýda çuluk. Çüňki orta uzynlykda, aýaklary gysgarak, uzyn barmakly sarymtyl-goňur reňkli. Tomsuna **arkasy metal öwüşginli garamtyl-goňur we anyk saýgardýan çypar reňkli dik zolakly.** Döşi gülgüneräk goňur menekli, garny ak. Ganatlarynyň üstki tarapy garamtyl, aşagy açyk reňkli. Depesi gara, gözüniň üsti ýagty zolakly, bokurdagy agymtylrak çyparrak menekli. Uly we ýaş guşlar meňzeş reňkli, ýöne güýz-gyş wagtlary öçügsiräk (köplenç bizde şol döwürde ýygy-ýygydan duşýar). Arkasyndaky zolaklary anyk saýgarylýar, ýöne metal öwüşgini bolmaýar. Sesi basyk - "totrok-totrok-totrok", emma, ol adatça, dymyp gezýär. Iňrik garalanda we gijesine işjeň. Horazlarynyň ganaty - 106-118, mäkiýanlarynyňky - 102-113 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: ölçegleriniň kiçidigi bilen ebekden, çüňküniň inçeden gönüdigi we aýaklarynyň sarymtyl-goňurdygy bilen batga çulugyndan oňat tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi Ýewraziýanyň tundra zolagynyň günortasy we tokaýly tundrasy. Uçup geçende giňişleýin duşýar. Türkmenistanda içki suw ýataklarda we Hazar deňziniň kenarýakasynda. Ýewropanyň günbatar çetlerinde, Ortaýer deňzinde, Merkezi Afrikada, Zakawkazýada, Alynky we Günorta (Hindistanda) Aziýada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän, bir bölegi Hazar deňzinde gyşlaýan görnüş. Ýazyna-martyň ortasyndan maýyň ortasyna çenli, güýzine – sentýabr-oktýabrda, gijä galanlary noýabrda uçup geçýärler. Gyş ýyly gelende osoblary dekabr-fewralda ýekelikde duşýar. Gurçuklar, balyk gulaklar we maýda mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: az öwrenilen, seýrek görnüş.

Полевые признаки: мелкий кулик, крупнее воробья. Клюв средней длины, ноги невысокие желтовато-бурого цвета с длинными пальцами. Летом **спина черновато-бурая с металлическим блеском и выраженными продольными полосами рыжего цвета**. Грудь палевая с продольными бурыми пестринами, брюшко белое. Крылья сверху темные, снизу – светлые. Темя черное, над глазом светлая полоска, горло белесое с рыжими пестринами. Взрослые и молодые птицы окрашены сходно, но в осенне-зимнее время – тусклее (в это время у нас встречается чаще). Полосы на спине выражены четче, а металлический блеск отсутствует. Голос – глухое «тотрок-тотрок-тотрок», но, обычно, молчалив. Активен в сумерки и по ночам. Крыло самцов – 106-118, самок – 102-113 мм.

Сходства – отличия: от бекасов хорошо отличается мелкими размерами, от грязовика – прямым тонким клювом и желто-бурыми ногами.

Распространение: гнездовая часть ареала – южные тундры и лесотундра Евразии. На пролете – шире. В Туркменистане – на внутренних водоемах и Каспийском побережье. Зимует на крайнем западе Европы, в Средиземноморье, Центральной Африке, Закавказье, Передней и Южной (Индостан) Азии.

Образ жизни: пролетный вид, часть особей зимует и на Каспии. Весенний пролет – с середины марта до середины мая, осенний – в сентябре-октябре, позднепролетные – в ноябре. В теплые зимы одиночные особи встречаются в декабре-феврале. Питается червями, моллюсками и мелкими насекомыми.

Статус: малоизученный редкий вид.

### 144. Ebek – *Gallinago gallinago* – Бекас

Meýdan alamatlary: **uzyn çüňkli** we özgelere garanyňda gysga aýakly, ýaşylymtyl öwüşgynli, çal reňkli,

Полевые признаки: крупнее скворца, **с удлиненным клювом** и относительно короткими ногами

sardan ulurak çuluk. **Kellesinň üsti goňurrak-gara, depesiniň ortasy insiz, açyk çypar zolakly we gözüniň üsti inli, edil şonuň ýaly reňkli.** Uly guşlaryň ustki ýelek örtügi tutuşlygyna garamtyl we ýagty menekli sarymtyl-goňur reňkli. Boýny, petekesi we döşi hem dik geçýän garamtyl zolakly sarymtyl-goňur, ýöne garny we böwürleri ak. Goltugynyň aşagy kese geçýän zolakly ak. Ululary we ýaşlary meňzeş, emma güýz-gyş döwründe (bizde duşýan wagtlary) – öçügsi reňkli. Çüňki inçe ujy, sähelçe ýasy. Üstki çüňküniň ujy gara açyk-goňur, aşakysynyň – ujy garamtyl-gyzyl reňkli. Gözleri uly, gara. Iňrik garalanda we gijelerine işjeň. Uçup geçende sessiz, emma ürküzilen ýagdaýynda "sžwek" ýaly ses çykarmagy mümkin. Horazlarynyň ganaty - 125-135, mäkiýanlarynyňky - 124-132, çüňki - 62-76 mm, agramy - 93-145 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: ölçeginiň sähelçe kiçidigi, ak garnynyň tegmilsizdigi we guýrugynyň çetki ýeleklerinde ak reňkiň ýokdugy, guýrugynyň tutuşlygyna çyparrak öwüsginlidigi bilen uly jeňňel ebekden,döşüniň dik tegmilenen goňurdygy bilen ebekden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: orän giň, arealynda höwürtgeleýän bölegi Ýewraziýanyň we Demirgazyk Amerikanyň demirgazyk we aram giňişlikleri. Uçup geçende has giňişleýin duşýar. Türkmenistanda içki suw ýataklarda we Hazar deňziniň kenarýakasynda. Günbatar we Günorta Ýewropada, Demirgazyk we Merkezi Afrikada, Kiçi, Alynky, Günorta we Günorta-Gündogar Aziýada, Demirgazyk Amerikada gyşlaýar.

серого цвета с зеленоватым отливом. **Верх головы буровато-черный, посередине темени узкая светло-рыжая полоска и широкая того же цвета над глазами**. Сверху оперение взрослой птицы, в целом, желто-бурого цвета с темными и светлыми пестринами. Шея, зоб и грудь тоже желтовато-бурые с темными продольными полосками, но брюшко и бока белые. Подмышечные белые с поперечными полосками. Взрослые и молодые окрашены сходно, но в осенне-зимний период (когда у нас встречаются чаще) – тусклее. Клюв тонкий с небольшим уплощением на конце. Надклювье светло-бурое с черным окончанием, подклювье – темно-красного цвета с темным концом. Глаза большие, темные. Активен в сумерки и по ночам. На пролете молчалив, но при вспугивании может издавать что-то вроде «цжвек». Крыло самцов – 125-135, самок – 124-132, клюва – 62-76 мм, вес – 93-145 г.

Сходства – отличия: от дупеля отличается чуть меньшим размером, белым брюшком без пестрин и крайними перьями хвоста без белого цвета, общим рыжеватым тоном хвоста; от бекаса-отшельника – бурой с продольными пестринами грудью.

Распространение: очень широкое, гнездовая часть ареала – северные и умеренные широты Евразии и Северной Америки. На пролете – гораздо шире. В Туркменистане на внутренних водоемах и Каспийском побережье. Зимует в Западной и Южной Европе, Северной и Центральной Африке, Малой,



Ýaşaýşy: uçup geçýän guş, bir böleginiň gyşlamaga galmaklary mümkin. Ýazyna - mart-maýda, güýzine–awgustyň aýagyndan noýabr aralykda uçup geçýär. Howa şerti amatly bolan gyşlarda osoblary ýekelikde we maýda toparlary dekabr-fewralda Hazar deňziniň kenarýakasynda gabat gelýär. Gurçuklar, mör-möjekler we olaryň liçinkalaryny bilen iýmitlenýär.

Statusy: ikinji derejeli aw guşy, emma köp sanly däl görnüş.

Передней, Южной и Юго-Восточной Азии, Центральной Америке.

Образ жизни: пролетная птица, часть особей может оставаться на зиму. Весенний пролет – в марте-мае, осенний – с конце августа и по ноябрь. Одиночные особи и мелкие стайки в благоприятные зимы встречаются на Каспийском побережье в декабре-феврале. Питается червями, насекомыми и их личинками.

Статус: второстепенный объект охоты, но немногочислен.

### 145. Uly jeňňel ebegi – *Gallinago media* – Дупель

Meýdan alamatlary: ölçegleri we reňkleri ebege örän çalymdaş, emma çünki başgalara garanyňda gysga we inli. **Bedeniniň aşaky bölegi köpsanly menekli.** Çetki guýruk ýelekleri arassa ak, ýöne gara zolaklylarynyň bolmagy hem mümkin. Oturan ýagdaýnda guýrugy ganatlarynyň ýygnalan ujyndan az-owlak çykyp durýar. Ýaşy ýeten we ýaş guşlar gyşyna öçügsi we gowşak garşylykly reňkli. Ümsüm, käte basyk we pessaý "rýahgrýah" sesi çykarýar. Horazlarynyň ganaty - 125-139, mäkiýanlarynyňky - 124-136, çüňki - 62-74 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: uçanda ýa-da gonanda ak tegmil ýaly görünýän, **çetki guýruk ýelekleriniň açyk akdygy bilen** beýleki ebeklerden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi Ýewraziýanyň (gündogara Ýeniseý derýasyna çenli) demirgazyk we aram giňişlikleri. Uçup geçende giňişleýin duşýar, aýratynda, Ýewropada. Türkmenistanda içki suw ýataklarda we Hazar deňziniň kenarýakasynda. Merkezi we Günorta

Полевые признаки: размером и окраской очень похож на бекаса, но клюв относительно короче и шире. **Нижняя часть тела с большим количеством пестрин**. Крайние хвостовые перья чисто белые, но могут быть и с черными полосками. В сидячем положении у птицы хвост несколько выступает за обрез сложенных крыльев. Взрослые зимой и молодые окрашены тусклее и не так контрастны. Молчалив, иногда издает глухое и низкое «рях-грях». Крыло самцов – 125-139, самок – 124-136, клюв – 62-74 мм.

Сходства – отличия: от других бекасов отличается **ярко белыми крайними перьями хвоста**, которые при взлете или посадке бросаются в глаза как светлые пятна.

Распространение: гнездовая часть ареала – северные и умеренные широты Евразии (на восток до Енисея). На пролете встречается шире, особенно в Европе. В Туркменистане – на внутренних водоемах и морском побережье. Зимует в Центральной и Южной Африке.

Afrikada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: bizde uçup geçýän guş. Ýazyna-martyň aýagyndan maýyň ortasyna çenli, güýzine – awgust-oktýabrda uçup geçýär. Iňrik garalanda we gijelerine ýerdäki gurçuklar we maýda mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: az öwrenilen, seýrek görnüş.

Образ жизни: у нас пролетная, единично зимующая птица. Весенний пролет – с конца марта и до середины мая, осенний – в августе-октябре. Кормится земляными червями и мелкими насекомыми в сумерках и по ночам.

Статус: малоизученный, редкий вид.

### 146. Uly dag ebegi – *Gallinago solitaria* – Горный дупель

Meýdan alamatlary: reňki ebege we jeňňel uly ebegine çalymdaş, ýöne ulurak we uzynrak bolup görünýär. **Tomsuna uly guşlar birmeňzeş reňkli, emma depesinde dik geçen çypar zolagy bolmaýar we çüňki gysga, döşi kese ak zolakly sarymtyl-goňur. Ganatlarynyň yzky gyralary insiz ak zolakly.** Gyşyna ýaşy ýeten we ýaş guşlar öçügsi reňkli. Ganaty - 154-167 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: **depesinde çypar reňkli zolagyň** ýokdygy we **sarymtyl-goňur döşüniň kese ak zolaklydygy** bilen ebekleriň ählisinden tapawutlanýar. Uçan wagtynda ebege däl-de tokaý ebegine köp çalym edýär.

Ýaýran ýerleri: Gazagystanyň, Orta, Merkezi we Gündogar Aziýanyň, Gimalaý daglarynyň daglyk ýerleri . Türkmenistanda wagtal-wagtal Köpetdagda we Köýtendagda duşýar.

Ýaşaýşy: iňrik garalanda we gijesine işjeň gezýär. Adatça, çeşmeleriň we çeşmejikleriň töwereginde saklanýar. Jykjyklar, olaryň liçinkalary we beýleki maýda oňurgasyzlar bilen iýmitlenýär.

Statusy: öwrenilmedik, örän seýrek görnüş.

Полевые признаки: окраской похож на бекаса и дупеля, но крупнее и выглядит длиннее. **Взрослые летом окрашены одинаково, но на темени нет продольной рыжей полоски и клюв короче, грудь желтовато-бурая с поперечными белыми полосками. По заднему краю крыла – белая узкая полоса**. Взрослые зимой и молодые окрашены тусклее. Крыло – 154-167 мм.

Сходства – отличия: от всех бекасов отличается отсутствием **полоски рыжего цвета на темени и желтовато-бурой грудью с белыми поперечными полосками**. В полете больше напоминает вальдшнепа, а не бекаса.

Распространение: горные области Казахстана, Средней, Центральной и Восточной Азии, Гималаи. В Туркменистане – спорадически в Копетдаге и Койтендаге.

Образ жизни: активен в сумерки и по ночам. Обычно держится у родников и ключей. Питается жуками, их личинками и другими мелкими беспозвоночными.

Статус: почти не изученный, очень редкий вид.



### 147. Tokaý ebegi – *Scolopax rusticola* – Вальдшнеп

Meýdan alamatlary: açyk-goňur ýa-da goňurrak-gyzyl, ujy garamtyl uzyn çüňkli, **gysgarak çalymtyl-gyzyl ýa-da goňur aýakly, kepderiden tokarrak,** ölçegli uly çuluk. Ululary we ýaşlary meňzeş reňkli, emma olar uçup geçenlerinde we güýz-gyş döwründe garamtylrak görünýär. Adatça, **bedeniniň üsti çal, poslurak-çypar we gara-goňur kese zolakly. Depesiniň yzky tarapy we ýeňsesi gara-goňur inli kese zolakly.** Maňlaýy kül reňkli. Bedeniniň garyn bölegi goňur kese zolakly çyparrak-çal, bokurdagy ak. Gözleri gara, uly, ýeňsesine tarap şüýşen. Çuluk diňe “tapyşyk” döwründe, ýagny höwürtgeleýän ýerlerindäki wakwakda sesleri çykýar, Türkmenistanda höwürtgelemeýär, sonuň üçin hem ümsüm. Horazlarynyň ganaty - 18.3-20.3, mäkiýanlarynyňky – 18.3-20.5, çüňki – 6.9-8.4 sm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: ölçeg-leriniň uludygy bilen ebekleriň ähli-sinden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi Ýewraziýanyň tokaýly sähra we tokaý zolaklary. Uçup geçende has giňişleýin duşýar. Türkmenistanda Hazar deňziniň kenarýakasynda, derýalaryň jülgelerinde we oazislerde, hatda dag derýajyklarynyň agaç-gyrymsy agaçly ýerlerinde. Ýewropanyň günortasynda, Demirgazyk Afrikada we Aziýanyň günorta-gündogarynda, günortasynyň käbir ýerlerinde gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän we gyşlaýan guş. Ýazyna-martyň aýagyndan we maýda, güýzine – sentýabr-

Полевые признаки: крупный кулик размером **больше голубя на невысоких серовато-красных или бурых ногах** с длинным светло-бурым или буровато-красным клювом с темным концом. Взрослые и молодые окрашены сходно, но во время пролета в осенне-зимнее время они темнее. Обычно **верх тела в серых, ржавчато-рыжих и черно-бурых поперечных полосках. Задняя часть темени и затылок с широкими черно-бурыми поперечными полосками**. Лоб пепельный. Брюшная часть тела рыжевато-серая в бурых поперечных полосках, горло белое. Глаза черные, большие, смещенные к затылку. Голос подает только во время «тяги», то есть при токовании в местах гнездования, в Туркменистане не гнездится, поэтому молчалив. Длина крыла самцов 18.3-20.3, самок 18.3-20.5, клюва 6.9-8.4 см.

Сходства – отличия: от всех бекасов отличается крупным размером.

Распространение: гнездовая часть ареала – лесостепная и лесная зоны Евразии. На пролете – значительно шире. В Туркменистане – по Каспийскому побережью, долинам рек и оазисам, но в местах с древесно-кустарниковой растительностью даже вдоль горных речек. Зимует на юге Европы, в Северной Африке и юго-востоке, местами на юге Азии.

Образ жизни: пролетная и зимующая птица. Весенний пролет – с конца марта и еще в мае. Осенний

no-ýabrda uçup geçýär. Iňrik garalanda we gijesine ýaşyryn gezýär. Toprakdan ýagyş gurçuklary we mör-möjekleriň liçinkalaryny köwläp iýmitlenýär.

Statusy: bizde ýeterlik öwrenilmedik, seýrek görnüs, ikinji derejeli aw guşy.

– в сентябре-ноябре. Ведет скрытный сумеречный и ночной образ жизни. Питается дождевыми червями и личинками насекомых, извлекая их из грунта.

Статус: у нас недостаточно изученный, редкий вид, второстепенный объект охоты.

### 148. Uly ikburun – *Limosa limosa* – Большой веретенник

Meýdan alamatlary: kepderiden ulurak ölçegli, uzyn gara aýakly we uzyn, ujy gara, göni çüňkli çuluk. Tomus möwsüminde uly guşlar meňzeş reňkli däl. Horazynyň döşi we böwürleri goňur ýa-da çypar kese zolakly. Garny, guýrugyny ýapyjy ýelekleri, goltugynyň aşagy we ganatlarynyň aşaky ýüzi ak. Guýrugy gara, düýbi ak we onuň gyralarynda ak reňk agdyklyk edýär. Kellesi, **boýny, petekesi we döşüniň öňki bölegi çypar reňkli.** Kellesiniň üsti goýy-goňur zolakly. Tomsuna mäkiýanynyň çypar reňki az. Arkasyndaky çalymtyl-goňur reňk goýalýar. Ýelek örtüginde çypar reňk tutuk-çal bilen çalyşýar. Uly we ýaş guşlar **güýž-gyş döwründe ýumşak goňur öwüşginleriň köpelmeginde meňzeş reňkli** we ýelekleri anyk bolmadyk nagyşly. Sesi bölünip-bölünip çykýan - “tiwek-tiwek”. Horazlarynyň ganaty - 166-225, mäkiýanynyňky – 192-229 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: **çüňküniň gönüden uzyndygy, guýrugynyň akdygy we ganatlarynyň yzky gyrasynyň gara zolaklydygy** bilen ýylkyçylardan we kiçi ikburundan tapawutlanýar. Uçup barýarka **ganatlaryndaky ak zolak we gara aýaklarynyň has yza çykyp durýadygy** oňat görünýär.

Полевые признаки: размером крупнее голубя, на высоких ногах черного цвета и длинным прямым клювом, темным на конце. В летний сезон взрослые окрашены неодинаково. У самца грудь и бока с поперечными бурыми или рыжими полосами. Брюхо, нижние кроющие хвоста, подмышки и исподкрыла – белые. Хвост черный, у основания белый и по его краям белого цвета больше. Голова, **шея, зоб и передняя часть груди рыжие**. Верх головы с темно-бурыми полосками. Самки летом менее рыжие. На спине сильнее проявляется серовато-бурый цвет. Рыжий цвет в оперении заменен дымчато-серым. Взрослые и молодые птицы **в осенне-зимнее время окрашены сходно, с преобладанием мягких бурых тонов** и неясным рисунком оперения. Голос – отрывистое «тивек-тивек». Крыло самцов – 166-225, самок – 192-229 мм.

Сходства – отличия: от кроншнепов и малого веретенника отличается **прямым длинным клювом с белым хвостом и черной полосой по заднему крылу**. В полете – хорошо заметной **белой полосой на крыле и далеко выступающими назад черными ногами**.



Ýaýran ýerleri: giň, emma endigan däl. Arealynda höwürtgeleýän bölegi Ýewrazýanyň aram giňişligi, uçup geçende giň ýaýran. Türkmenistanda içki suwlarda we deňziň kenarýakasynda. Günorta-Günbatar Ýewropada, Ortaýer deňzinde, Hazar deňziniň günortasynda we Pars aýlagynda, Merkezi Afrikada, Hindistanyň demirgazygynda, Günorta-Gündogar Aziýada we Awstraliýada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän, bölekleýin gonup-uçup gezýän we gyşlaýan guş. Ýazyna - mart-maýda, gonup-uçup gezýänleri iýun-awgystda seýregräk duşýar. Güýzine – sentýabr-noýabrda uçup geçýär, amatly şertli ýyllarda – dekabr-fewralda gyşlaýar. Käbir ýyllarda güýzki uçup geçmegi iýulyň aýagyndan noýabra çenli dowam edýär. Dürli suw oňurgazyzlary bilen iýmitlenýär.

Statusy: ýeterlik öwrenilmedik, köpsanly däl, sany azalýan görnüş. Höwesjeň awçylaryň ikinji derejeli aw guşy.

Распространение: широкое, но не равномерное. Гнездовая часть ареала – умеренные широты Евразии, на пролете – шире. В Туркменистане – внутренние водоемы и морское побережье. Зимует в Юго-Западной Европе, Средиземноморье, на юге Каспия и в Персидском заливе, Центральной Африке, на севере Индостана, в Юго-Восточной Азии и Австралии.

Образ жизни: пролетная и зимующая, частично летующая птица. Весенний пролет – в марте-мае, летующие – изредка в июне-августе. Осенний пролет – в сентябре-ноябре, зимуют в благоприятные годы – в декабре-феврале. В отдельные годы осенний пролет тянется с конца июля до ноября. Питается различными водными беспозвоночными.

Статус: недостаточно изученный, немногочисленный вид, численность сокращается. Второстепенный объект любительской охоты.

### 149. Kiçi ikburun – *Limosa lapponica* – Малый веретенник

Meýdan alamatlary: gara reňkli, uzyn aýakly we goňur reňkli ýokaryk çalaja gaýşak uzyn çüňkli kepderi ölçegli uly çuluk. Tomsuna ýaşy ýeten guşlar uly ikburunyň horazlaryna çalymdaş, emma **açyk we goýy-çypar reňki bedeniniň aşak tarapynyň hemme ýerine, hatda guýrugynyň aşaklaryna hem ýaýrap**, onda garamtyl kese menekler bolýar. Güýzki migrasiýa döwründe uly we ýaş guşlaryň reňkinde açyk öwüşginler azalyp, çägereňk-goňur ýokundylar köpelýär. Sesi uly ikburunyňka çalym-

Полевые признаки: крупный кулик размером с голубя, на высоких ногах черного цвета и длинным слегка вздернутым кверху клювом темно-бурого цвета. Взрослые птицы летом похожи на самцов большого веретенника, но **рыжий цвет ярче и гуще, распространяется по всему низу тела, включая подхвостье** с темными поперечными пестринами на нем. Взрослые птицы и молодые осенью в период миграций окрашены менее ярко с преобладанием песочно-бурых

daş – “tewe-tewe”. Horazlarynyň ganaty - 199-223, mäkiýanlarynyňky – 199-239 mm, agramy - 194-310 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: **çüňküniň ýokaryk gaýşakdygy (jaýty), ganatlarynda ýagty ak zolagyň ýokdygy we aýaklarynyň has gysgadygy** (aýratyn-da, uçup barýarka aýdyň görünýär) bilen uly ikburundan anyk tapawutlanýar

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi Ýewraziýanyň tundra we tokaýly tundra zolagy. Uçup geçende giň ýaýran. Türkmenistanda Hazar dňziniň kenarýakasynda we içki suw ýataklarda. Günbatar Ýewropanyň, Günbatar, bölekleýin Gündogar Afrikanyň, Pars aýlagynyň, Günorta-Gündogar Aziýanyň we Awstraliýanyň deňizleriniň kenarýakalarynda, gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän we bölekleýin gonup-uçup gezýän guş. Ýazyna martyň aýagynda we maýda, gonup-uçup gezýänleri iýun-awgustda duşýar. Güýzine – sentýabr-noýabrda uçup geçýär. Aglaba, mör-möjekler we olaryň liçinkalary bilen iýmitlenýär.

Statusy: az öwrenilen, seýrek görnüş.

тонов. Голосом похож на большого веретенника – «теве-теве». Крыло самцов – 199-223, самок – 199-239 мм, вес – 194-310 г.

Сходства – отличия: от большого веретенника отличается заметно **вздернутым кверху клювом, отсутствием яркой белой полосы на крыльях и более короткими ногами** (особенно заметно в полете).

Распространение: гнездовая часть ареала – тундра и лесотундра Евразии. На пролете – шире. В Туркменистане – на Каспийском побережье и внутренних водоемах. Зимует на морских побережьях Западной Европы, Западной и, частично, Восточной Африки, Персидского залива, Юго-Восточной Азии и Австралии.

Образ жизни: перелетная и изредка летующая птица. Весенний пролет – с конца марта и в мае, летующие – в июне-августе. Осенний пролет – в сентябре-ноябре. Питается, преимущественно, насекомыми и их личинками.

Статус: малоизученный редкий вид.

### 150. Orta ýylkyçy – *Numenius phaeopus* – Средний кроншнеп

Meýdan alamatlary: gara reňkli ,aýaklary, başgalara garanyňda, uzyn we orta uzynlykdaky **aşaklygyna egmek goňur çüňkli**, kepderi ölçegli uly çuluk. Tomsuna ýaşy ýeten guşlar uly ýylkyça çalymdaş, **ýöne depesi goýy reňkli, ortasy kese geçýän açyk-çypar zolak bilen bölünen** we gözleriniň üsti ýagty gaşly. Güýzüne we gyşyna uly, ýaş guşlaryň reňk

Полевые признаки: крупный кулик размером с голубя, на относительно высоких ногах черного цвета и со средней длины бурым **клювом, изогнутым книзу**. Взрослые птицы летом похожи на большого кроншнепа, но имеют **темно окрашенное темя, разделенное посередине светло-рыжей продольной полосой** и со светлыми



öwüşgini az täsirli, olar bir reňkde. Sesi – “kireý-tiri-kireý-tiri”. Horazlarynyň ganaty - 218-254, mäkiýanlarynyňky – 222-252, horazlarynyň çüňki – 65-85, mäkiýanlarynyňky – 75-90 mm, agramy - 335-415 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: kellesiniň reňki – **depesiniň ortasyndaky açyk-çypar zolak görnüşdäki “ýelekleriň açylan çyzygy”** bilen ýylkyçylaryň ählisinden oňat tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi ala we endigan däl bolup, Ýewraziýanyň we Demirgazyk Amerikanyň demirgazyk etraplaryny gabaýar. Uçup geçende giň ýaýran. Türkmenistanda içki suw ýataklarda we deňziň kenarýakalarynda. Afrikanyň, Günorta we Günorta-Gündogar Aziýanyň, Awstraliýanyň, Merkezi we Günorta Amerikanyň kenarýakalarynda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän we bölekleýin gonup-uçup gezýän guş. Ýazyna giç - aprelden-iýunyň başyna çenli, gonup uçup gezýänleri - iýulda duşýar. Güýzine – awgust-oktýabrda, giçkileri – noýabra çenli uçup geçýär. Mör-möjekler we olaryň liçinkalary bilen iýmitlenýär.

Statusy: ýeterlik öwrenilmedik, seýrek görnüş. Ikinji derejeli aw guşy.

бровями над глазами. Осенью и зимой взрослые и молодые окрашены менее выразительно, они более однотонны. Голос – «кирей-тири-кирей-тири». Крыло самцов – 218-254, самок – 222-252, клюв у самцов – 65-85, у самок – 75-90 мм, вес – 335-415 г.

Сходства – отличия: от всех кроншнепов хорошо отличается окраской головы – **светло-рыжей полоской в виде «пробора» посередине темени**.

Распространение: гнездовая часть ареала мозаична и неравномерно охватывает северные районы Евразии и Северной Америки. На пролете шире. В Туркменистане – внутренние водоемы и морское побережье. Зимует по побережьям Африки, Южной и Юго-Восточной Азии, Австралии, Центральной и Южной Америки.

Образ жизни: пролетная, частично летующая птица. Весенний пролет поздний – с апреля и до начала июня. Летующие – в июле. Осенний пролет ранний – в августе-октябре, позднепролетные – до ноября. Питается насекомыми и их личинками.

Статус: недостаточно изученный, редкий вид. Второстепенный объект охоты

---

**151.** *Bellik*: Türkmenistanyň çaklerinde **inçe çüňkli ýylkyçynyň *Numenius tenuirostris*** gabat gelmegi mümkin. Ýaşy ýeten inçeçüňk ýylkyçylar uly ýylkyçylara örän meňzeş, emma reňki açygrak we kiçiräk. Çüňki gysga we inçe, aýratynda, onuň uç tarapy. Onuň ýene-de bir wajyp alamaty - kellesinde gara

**151.** *Примечание*: На территории Туркменистана не исключены спорадические встречи **тонкоклювого,** или **малого кроншнепа - *Numenius tenuirostris*.** Взрослые тонкоклювые кроншнепы очень схожи с большими кроншнепами, но явно светлее и мельче. Клюв относительно короткий и тонкий,

zolagy we depesinde “ýelekleriň açylan çyzygy” ýok. Örän seýrek uçup geçýär, heniz öwrenilmedik güş, MSOP-yň Gyzyl sahypasyna girizilen. Tebigatda ýylkyçylary tapawutlandyrmak kyn, awçylaryň okundan inçe çüňkli ýylkyçyny goramak üçin, uly we orta ýylkyçylara aw etmegi gadagan etmek zerur.

особенно в вершинной части. Кроме того, важная примета – отсутствуют темные полосы и светлый «пробор» на голове. Крайне редкий пролетный, неизученный вид, внесен в Красный список МСОП. Кроншнепы трудно различимы в природе, чтобы уберечь от охотничьих выстрелов тонкоклювого кроншнепа, необходимо не допускать охоту на большого и среднего кроншнепов.

### 152. Uly ýylkyçy – *Numenius arquata* – Большой кроншнеп

Meýdan alamatlary: gargadan ulurak, uzyn garamtyl aýakly we goýy-goňur reňkli aşaklygyna egmek uzyn çüňkli, uly ölçegli çuluk. Horazy mäkiýanyna meňzeş. **Ýelek örtüginiň üsti garamtyl bellikli çägereňkli-goňur, aşak tarapy – agymtyl inçe dik menekli.** Ýaşlary uly guşlara çalymdaş, emma göni we gysga çüňkli. Sesi pessaý sykylyk - “kuup-lir-li”. Horazlarynyň ganaty - 288-334, mäkiýanlarynyňky – 275-326, ulularynyň çüňki – 116-179, ýaşlarynyňky, käte gysga – 110 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: **depesiniň birmeňzeş reňkdedigi** - orta ýylkyçydan, **bedeniniň gapdallarynda häsiýetli tegmillidigi** - inçe çüňkli ýylkyçydan we **olaryň ikisinden hem ölçegleriniň uludygy** bilen tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürt-geleýän bölegi endigan däl, Ýewraziýanyň aram giňişliklerinde (gündogara Baýkal kölüne çenli). Uçup geçende giň ýaýran. Türkmenistanda – deňziň kenarýakasynda we içki suw ýataklarda. Ýewropanyň, Afrikanyň, Kiçi, Alynky, Günorta we Günorta-Gündogar Aziýanyň deňizleriniň kenarýakalarynda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän, bölekleýin göçüp-uçup gezýän we gyşlaýan guş. Ýazyna-martyň ortasyndan-maý aralykda, gonup-uçup gezýänleri – iýunda we awgustyň başynda seýregräk duşýar. Güýzine – awgustyň soňundan we noýabrda uçup geçýär. Amatly gyş bolanda dekabrda-fewralda gabat gelýär.

Statusy: ýeterlik öwrenilmedik, seýrek görnüş. Ikinji derejeli aw guşy.

Полевые признаки: очень крупный кулик, крупнее вороны, на высоких темных ногах и с длинным изогнутым книзу клювом темно-бурого цвета. Самцы и самки схожи. **Сверху оперение песочно-бурого цвета с темными отметинами, снизу беловатое с тонкими продольными пестринами**. Молодые похожи на взрослых, но клюв прямее и короче. Голос – не громкие свисты «куур-лир-ли». Крыло самцов – 288-334, самок – 275-326, клюв взрослых птиц – 116-179, у молодых он иногда короче – 110 мм.

Сходства – отличия: **от среднего кроншнепа отличается одноцветной окраской темени, от тонкоклювого кроншнепа – характером пятен на боках тела и от них обоих – крупными размерами.**

Распространение: гнездовая часть ареала – неравномерная в умеренных широтах Евразии (на восток до Байкала). На пролете – шире. В Туркменистане – на морском побережье и внутренних водоемах. Зимует на побережье Европы, Африки, Малой, Передней, Южной и Юго-Восточной Азии.

Образ жизни: пролетная, частично летующая и зимующая птица. Весенний пролет – с середины марта и в мае, редкие летующие попадаются в июне-начале августа. Осенний пролет – с конца августа и в ноябре. В благоприятные зимы встречается в декабре-феврале.

Статус: недостаточно изученный, редкий вид. Второстепенный объект охоты.

### 153. Bezemen çuluk – *Tringa erythropus* – Щёголь

Meýdan alamatlary: bedeni gumry ölçegli, emma aýaklary uzyn, uzyn çüňkli uly çuluk. Tomus döwründe bedeniniň üstki tarapy agymtyl menekli doýgun gara reňkli. Aýaklary garamtyl ýa-da gara-gyzyl, aşaky çüňki gyzyl, bu ony beýleki çuluklardan tapawutlandyrýar. **Güýz-gyş döwründe** (haçan-da bu guşlar bizde duşýan wagty) **uly we ýaş guşlaryň üsti külreňk-çal, aşaky tarapy tutuk menekli ak ýa-da boýny we döşi tutuk ýokundyly. Çüňki gara, düýbi gyzylymtyl reňkli**, aýaklary agymtylmämişi ýa-da oçügsy gyzyl. Sesi howsalaly - “týu-it-krýu-it”. Horazlarynyň ganaty - 160-170, mäkiýanlarynyňky – 154-173 mm, horazlarynyň agramy - 110-165, mäkiýanlarynyňky – 140-175 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: aýaklarynyň güýzde we gyşda gyzyl reňkli bolmagy sebäpli, olary ýakaly çuluk ýa-da gyzyl aýakly çuluk bilen garjaşdyrmak mümkin, emma, ol **ganatlarynda ak “aýnajygyň” ýokdygy**, aýaklarynyň we çüňküniň

Полевые признаки: довольно крупный кулик, размером тела с горлицу, но на высоких ногах, с длинным клювом. В летний период окраска – насыщенно черная с белыми пестринами на верхней стороне тела. Ноги темные или черно-красные, подклювье красное, что отличает от других куликов. **В осенне-зимнее время** (когда эти птицы встречаются у нас чаще) **взрослые и молодые сверху пепельно-серые, снизу белые с дымчатыми крапинками или налетом на шее и груди. Клюв черный с красноватым основанием,** ноги бледно-оранжевые или неярко красные. Голос – тревожное «тю-ит - крю-ит». Крыло самцов – 160-170, самок – 154-173 мм, вес самцов – 110-165, самок – 140-175 г.

Сходства – отличия: осенью и зимой из-за общей окраски красных ног можно спутать с турухтаном или травником, однако, от травника отличается **отсутствием белого «зеркальца» на крыльях**,

uzyndygy - gyzyl aýakly çulukdan; **çüňküniň düýbüniň gyzyldygy we arkasynyň akdygy** - ýakaly çulukdan; **aýaklarynyň reňkiniň gyzyldygy** bilen uly ulitden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi Ýewraziýanyň tokaýly tundara we demirgazyk taýga zolagy, uçup geçende giň ýaýran. Türkmenistanda Hazar deňziniň kenarýakasynda we içki suw ýataklarda. Günbatar Ýewropada, Ortaýer deňzinde, Pars aýlagynda, Afrikanyň tropik giňişliginde, Hindistanyň demirgazygynda we Günorta-Gündogar Aziýada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän, bölekleýin gonup-uçup gezýän we gyşlaýan guş. Ýazyna-martyň ortasynda-maýda, gonup-uçup gezýänleri–iýun-awgustda duşýar. Güýzine–awgustyň aýagyndan noýabra çenli uçup geçýär. Gyş ýyly gelen ýyllary, seýrek gyşlaýan osoblary Hazar deňzinde we käbir içki suw ýataklarda gyşlamaga galýarlar. Ownuk balykgulaklar, leňňeçler, mör-möjekler we olaryň liçinkalary bilen iýmitlenýär.

Statusy: az öwrenilen, seýrek görnüş.

более высокими ногами и удлиненным клювом, а от турухтана – **красным основанием клюва и белой спиной**, от большого улита – **красным цветом ног**.

Распространение: гнездовая часть ареала – лесотундра и северная тайга Евразии, на пролете – к югу шире. В Туркменистане – на Каспийском побережье и внутренних водоемах. Зимует в Западной Европе, Средиземноморье, Персидском заливе, тропической Африке, севере Индостана и Юго-Восточной Азии.

Образ жизни: пролетная, частично летующая и зимующая птица. Весенний пролет – с середины марта и в мае. Летующие – в июне-августе. Осенний пролет растянут с конца августа до ноября. Редкие зимующие особи при теплых зимах остаются на Каспии и некоторых внутренних водоемах. Питается мелкими моллюсками, рачками, насекомыми и их личинками.

Статус: малоизученный редкий вид.

### 154. Gyzyl aýajykly çuluk – *Tringa totanus* – Травник

Meýdan alamatlary: bedeni gumry ölçegli, emma, uzyn mämişigyzyl aýakly, düýbi gyzylymtyl, uzalan göni gara çüňkli, uly çuluk. Horazynyň mäkiýanyna tomusky ýelek örtügi meňzeş. Üstki tarapy garamtyl menekli goňurrak-çal we guýrugynyň üsti agymtyl. Kellesiniň üsti garamtyl. Garyn tarapy gara-goňur menekli ak. **Güýz-gyş döwründe uly we ýaş guşlaryň ganatlary ak gaýmaly tüsse siňen-goňur reňkli.**

Полевые признаки: крупный кулик размером тела с горлицу, но на высоких оранжево-красных ногах, с прямым удлиненным темным клювом и красноватым его основанием. В летнем наряде самец и самка окрашены сходно. Сверху буровато-серые с темными пестринами и светлым надхвостьем. Верх головы темный. Брюшная сторона белая с черно-бурыми пестринами. **Взрослые в осенне-зимнее**



Ýaş guşlaryň aýaklary sarymtyl. Sesi gysga sykylyklama - "týu-li, týu-li". Horazlarynyň ganaty - 141-166, mäkiýanlarynyňky – 147-168 mm, agramy - 105-150 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: "aýnajyga" çalym edýän, aýratynda, uçup barýarka gowy görünýän, **ganatlarynyň gyralaryndaky inli ak zolak** bilen çuluklaryň ýakyn görnüşlerinden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi Ýewropanyň, demirgazyk-gündogar taraplaryndan başgalarynda, Demirgazyk Hazarýakasynda, Gazagystanda, gündogara – Primorýa çenli, günorta Gimalaý daglaryna we Gündogar Hytaýa çenli barýar. Uçup geçende giň ýaýran. Türkmenistanda uçup geçende, şeýle-de tomsuna we gyşyna içki suw ýataklarda we deňziň kenarýakasynda. Ýewropanyň, Afrikanyň, Alynky, Günorta we Günorta-Gündogar Aziýanyň kenarýakalarynda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän, mümkin höwürtgeleýän, gonup-uçup gezýän we gyşlaýan guş. Ýazyna fewralyň aýagyndan-iýunyň başyna, gonup uçup gezýänleri iýundan-awgustyň başyna duşýar. Güýzine – awgustyň ortasyndan-noýabra çenli göçüpgonýar we uçup geçýär. Yzygiderli däl gyşlaýan guşlaryň ýekelikde ýada maýda sürüleri Hazar deňziniň kenarýakasynda dekabr-fewralda gabat gelýär. Dürli suw oňurgasyzlary bilen iýmitlenýär.

Statusy: köp sanly däl, uçup geçende adaty görnüş. Ikinji derejeli aw guşy.

**время и молодые птицы – дымчато-бурые с белыми каемками на крыльях**. У молодых ноги желтоватые. Голос – короткий посвист «тью-ли, тью-ли». Крыло самцов – 141-166, самок – 147-168 мм, вес – 105-150 г.

Сходства – отличия: от близких видов куликов хорошо **отличается широкой белой полосой по краю крыла** наподобие «зеркальца», особенно хорошо видимой в полете.

Распространение: гнездовая часть ареала – Европа, кроме северо-восточных областей, Северный Прикаспий, Казахстан, на восток – до Приморья, на юг – до Гималаев и Восточного Китая. На пролете – более широко. В Туркменистане – на пролете, а также летом и зимой на внутренних водоемах и морском побережье. Зимует по побережьям Европы, Африки, Передней, Южной и Юго-Восточной Азии.

Образ жизни: пролетная, возможно, гнездящаяся, летующая и зимующая птица. Весенний пролет – уже с конца февраля и до начала июня, летующие – в июне-начале августа. Осенние кочевки и пролет – с середины августа по ноябрь. Не регулярно зимующие одиночные особи и мелкие стайки на Каспийском побережье встречаются в декабре-феврале. Питается различными водными беспозвоночными.

Статус: немногочисленный, на пролетах – обычный вид. Второстепенный объект охоты.

### 155. Akarçeşme çulugy – *Tringa stagnatilis* – Поручейник

Meýdan alamatlary: bedeni sar ölçegli, gelşikli, uzyn **çalymtyl- has**

Полевые признаки: средний кулик размером тела со скворца, на

**ýaşyl aýakly** we goňur reňkli, inçeden uzyn çüňkli orta çuluk. Horazy tomsuna mäkiýana meňzeş. Olaryň üstki tarapy garamtyl menekli goňurrakçal we aşagy ak, petekesi we döşi maýda menekli. Ganatlarynyň aşagy we guýrugynyň üsti edil sonuň ýaly ak. Güýz-gyş döwründe ulularynyň we ýaşlarynyň üstki tarapy çalymtylgoňur reňkli, ganatlarynyň ýelekleri agymtyl gaýmaly. Sesi - "týu-týuktýu-týuk". Horazlarynyň ganaty - 128-140, mäkiýanlarynyňky – 133-142 mm, horazlarynyň agramy - 55-85, mäkiýanlarynyňky – 66-73 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: bedeniniň **beýik we gelşiklidigi, guýrugynyň üstüniň akdygy we çüňküniň bizşekilli, inçelip uzandygy**, aýaklarynyň **çalymtyl -ýaşyldygy we olaryň uçup barýarkalar guýrugyndan yza mese-mälim çykyp durandygy** bilen goňurarka we çalymtyl çuluklardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi Gündogar Ýewropa, Gazagystan, Günorta Sibir, gündogara Baýkal kölüniň ýakasyna çenli. Uçup geçende giň ýaýran. Türkmenistanda içki suw ýataklarda we deňziň kenarýakasynda. Ortaýer deňziniň günortasynda, Pars aýlagynda, Merkezi, Günorta Afrikada, Hindistanda, Günorta-Gündogar Aziýada we Awstraliýanyň käbir ýerlerinde guşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän, seýrek gonup-uçup gezýän we gyşlaýan guş. Ýazyna–mart-maýda, gonup uçup gezýänleri – iýunda-awgustyň başynda gabat gelýär. Güýzine – awgustyň aýagyndan noýabr aralykda uçup geçýär. Gyşlaýan osoblary amatly

высоких стройных **ногах серо-зеленого цвета** и с тонким длинным клювом бурого цвета. Летом самцы и самки окрашены сходно. Сверху они буровато-серые с темными пестринами, снизу белые, на зобе и груди пестрины мельче. Испод крыла и надхвостье также белые. Взрослые и молодые в осенне-зимнее время сверху серовато-бурого цвета с белесыми каемками перьев крыла. Голос – «тью-тьюк, тью-тьюк». Крыло у самцов – 128-140, у самок – 133-142 мм, вес самцов – 55-85, самок – 66-73 г.

Сходства – отличия: по сравнению с чернышом и фифи более **высок и строен, с белым надхвостьем и тонким шиловидным и утонченным клювом,** ноги **серо-зеленые, в полете они заметно выступают за край хвоста**.

Распространение: гнездовая часть ареала – Восточная Европа, Казахстан, Южная Сибирь – на восток до Забайкалья. На пролете – шире. В Туркменистане – внутренние водоемы и морское побережье. Зимует на юге Средиземного моря, в Персидском заливе, Центральной и Южной Африке, Индостане, Юго-Восточной Азии и, местами, в Австралии.

Образ жизни: пролетная, изредка летующая и зимующая птица. Весенний пролет – в марте-мае. Летующие – в июне-начале августа. Осенний пролет – с конце августа по ноябрь. Зимующие в благоприятные годы остаются в декабре-феврале. Питается водными насекомыми и их личинками.



ýyllada dekabr - fewralda gyşlamaga galýar. Suw mör - möjekleri, olaryň liçinkalary bilen iýmitlenýär.

Statusy: az öwrenilen, seýrek görnüş.

Статус: малоизученный редкий вид.

### 156. Uly ulit çulugy – *Tringa nebularia* – Большой улит

Meýdan alamatlary: kepderi ölçegli, uzyn goňur çüňkli, ýokarlygyna sähelçe gaýşak (jaýty) we gelşikli gara reňkli, uzyn aýakly uly çuluk. Tomsuna horazlary mäkiýanlaryna meňzeş, akarçeşme çulugyny ýatladýar, emma ondan tapawutlylykda ganatlarynyň aşagy tüssesiňen kese bellikli. Guýrugynyň üstki ýapýjy ýelekleri garamryl kese zolakly. Aýaklary garamtyl, çalymtyl-ýaşyl ýa-da sarymtylçalymtyl-ýaşyl. Güýz-gyş döwründe uly we ýaş guşlaryň reňki öçügsi, üsti goňurrak-çal. Sesi gaty sykylyk - "týuiw-týuiw". Horazlarynyň ganaty - 178-194, mäkiýanlarynyňky – 181-195 mm, agramy - 148-195 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: ölçegleriniň uludygy we **uzyn çüňküniň sähelçe ýokarlygyna gaýşakdygy (jaýty)** akarçeşme çulukdan, aýaklarynyň garamtyl reňklidigi we **ak guýrugynyň garamtyl kese zolaklydygy** bilen gyzyl aýajykly we bezemen çuluklardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi Ýewraziýanyň Skandinawiýadan Kamçatka çenli tokaý zolaklary. Uçup geçende giň ýaýran. Türkmenistanda içki suw ýataklarynda we deňziň kenarýakasynda. Günbatar Ýewropanyň, Ortaýer deňziniň kenarynda, Afrikanyň ähli ýerlerinde (Sahara çölünden başgalarynda), Arabystanyň, Günorta we Günorta-Gündogar Aziýanyň, Awstraliýanyň

Полевые признаки: крупный, размером тела с голубя кулик, с длинным бурым клювом, слегка изогнутым кверху, и высокими стройными ногами темного цвета. Самцы и самки летом окрашены сходно, напоминая поручейника, но, в отличие от него, на исподе крыла дымчатые поперечные отметины. Верхние кроющие хвоста с темными поперечными полосами. Ноги темные, серо-зеленые или желтовато-серо-зеленые. Взрослые в осенне-зимнее время и молодые птицы окрашены тускло, верх буровато-серый. Голос – громкий посвист «тюив-тюив». Крыло самцов – 178-194, самок – 181-195 мм, вес – 148-195 г.

Сходства – отличия: от поручейника отличается крупными размерами и **слегка изогнутым кверху длинным клювом**, от травника и щеголя – темным цветом ног и **белым с поперечными темными полосами хвостом**.

Распространение: гнездовая часть ареала – лесная зона Евразии от Скандинавии до Камчатки. На пролете – к югу шире. В Туркменистане – внутренние водоемы и морское побережье. Зимует на побережьях Западной Европы, в Средиземноморье, по всей Африке (кроме Сахары), побережье Аравии, в Южной и Юго-Восточной Азии, в Австралии.

kenarýakalarynda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän, seýregräk gonup-uçup gezýän, amatly ýyllarda gyşlaýan guş. Ýazyna–martyň ortasyndan-maýda, gonup uçup gezýänler iýunda-awgustyň başynda gabat gelýär. Güýzine – awgustyň soňundan we sentýabrda, gijä galanlary – noýabrda uçup geçýär. Mörmöjekler , olaryň liçinkalary, çaga balyklar bilen seýregräk iýmitlenýär.

Statusy: bizde heniz öwrenilmedik, seýrek görnüş.

Образ жизни: пролетная, изредка летующая, в благоприятные годы зимующая птица. Весенний пролет – с середины марта и в мае, летующие – в июне-начале августа. Осенние кочевки и пролет – с конца августа и в сентябре, позднепролетные – в ноябре. Питается насекомыми и их личинками, редко мальками рыб.

Статус: у нас почти не изученный, редкий вид.

### 157. Goňurarka çuluk – *Tringa ochropus* – Черныш

Meýdan alamatlary: saryň ölçeginde, kelteräk aýaklary goýy ýaşyl reňkli, başgalara garanyňda gysga garamtyl çüňkli, gözüniň töweregi ak halkaly kiçiräk çuluk. Tomsuna horazlary mäkiýanlaryna meňzeş. Kellesi we boýny çal menekli, arkasy we ganatlary goýy-goňur. **Guýrugynyň üsti açyk ak**, ol aýdyň görünýär. **Garyn tarapy ak** çalymtyl ýokundyly, petekesi, boýny we döşi ala. Ganatlarynyň aşagy garamtyl. Güýz-gyş döwründe ululary we ýaşlary çypar tegmilli çalymtyl öwüşginli. Sesi gaty we pert - “tli-tlipt-tli-tlipt”. Horazlarynyň ganaty - 127-146, mäkiýanlarynyňky – 136-148 mm, agramy - 70-75 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: çalymtyl çuluga çalymdaş, emma **ganatynyň aşagy garamtyl** we guýrugynda kese gara zolaklary az, uçan wagtynda anyk görünýän **guýruk üstüniň akdygy**, çalymtyl we daşaýjy çuluklara garanyňda has uludygy bilen anyk tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän ýerleri – Ýewraziýanyň sähra (bölekleýin), tokaýly sähra we tokaý zolaklary. Uçup geçende giň ýaýran. Türkmenistanda içki suw ýataklarda we deňziň kenarýakasynda. Gazagystanyň gunortasynda, Orta, Alynky we Kiçi Aziýada, Ortaýer deňzinde, Afrikanyň tropik ýerlerinde, Arabystanyň kenarýakalarynda, Günorta (Hindistanda) we Günorta-Gündogar Aziýada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän, seýregräk höwürtgeleýän bolmagy hem mümkin, gonup-uçup gezýän, bir bölegi gyşlaýan guş. Ýazyna–martyň ikinji ýarymyndan-maýda uçup geçýär. Gonup-uçup gezýänleri iýunda-awgustyň başynda duşýar. Güýzine – awgustyň aýagyndan we noýabrda uçup geçýär. Gyş amatly gelen ýyllary dekabrda-fewralda gabat gelýär.

Statusy: ýeterlik öwrenilmedik, köp sanly däl, uçup geçende käbir ýerlerde adaty görnüş. Awçylaryň tötänden awlamaklary mümkin.

Полевые признаки: небольшой кулик, размером со скворца, на невысоких ногах темно-зеленого цвета, со сравнительно коротким темным клювом, вокруг глаза белое кольцо. Летом оперение самцов и самок сходно. Голова и шея серые с пестринами, спина и крылья темно-бурые. **Надхвостье ярко белое**, хорошо бросающееся в глаза. **Брюшная сторона белая** с серым налетом и пестринами на зобе, шее и груди. Испод крыла темный. Взрослые и молодые птицы в осенне-зимнее время окрашены в сероватые тона с рыжими пятнышками. Голос – громкое и резкое «тли-тлипт-тли-тлипт». Крыло самцов – 127-146, самок – 136-148 мм, вес – 70-75 г.

Сходства – отличия: похож на фифи, но **испод крыла темный** и меньше поперечных черных полос на хвосте, легко отличается **контрастным белым надхвостьем**, хорошо видном при взлете, более крупный по сравнению с фифи и перевозчиком.

Распространение: гнездовая область – степная (частично), лесостепная и лесная зоны Евразии. На пролете – шире. В Туркменистане – на внутренних водоемах и Каспийском побережье. Зимует на юге Казахстана, в Средней, Передней и Малой Азии, Средиземноморье, тропической Африке, на побережье Аравии, в Южной (Индостан) и Юго-Восточной Азии.

Образ жизни: пролетная, возможно изредка гнездящаяся, летующая птица, часть особей зимует Весенний пролет – со второй половины марта и в мае. Летующие – в июне-начале августа. Осенние кочевки и начало пролета – с конца августа и в ноябре. В благоприятные зимы – в декабре-феврале.

Статус: недостаточно изученный, немногочисленный, местами на пролете обычный вид. Может случайно добываться на охоте.

### 158. Çalymtyl çuluk – *Tringa glareola* – Фифи

Meýdan alamatlary: saryň ölçeglinde, başgalara garanyňda aýaklary gysgarak sarymtyl reňkli, uçan mahalynda guýrugynyň ujyndan yza uzaýan, kiçiräk çuluk. Çüňki uzyn däl, garamtyl. Tomsuna uly we ýaş guşlar goňurarka çuluga örän çalymdaş, emma, kiçi, çal reňki agdyklyk edýär we arkasy köp mukdarda menekli. Guýrugynyň üsti öçügsi-ak, **guýrugy köp sanly kese zolakly**. Güýz döwründe uly guşlar çalymtylrak, çypar tegmilli. Sesi goňyrarka çulugyňkydan has güýçli. Horazlarynyň ganaty - 119-129, mäkiýanlarynyňky – 120-129 mm, agramy - 55-72 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: reňkiniň has açykdygy, **guýrugynyň**

Полевые признаки: небольшой кулик, размером не более скворца, на относительно коротких, желтоватого цвета ногах, в полете выдающихся за край хвоста. Клюв недлинный, темный. Взрослые и молодые птицы летом очень похожи на черныша, но мельче, с преобладанием серой окраски и большим количеством пестрин на спине. Надхвостье не ярко-белое, а **на хвосте множество поперечных полос**. В осенний период взрослые птицы заметно серее, с рыжеватыми пятнами. Голос более звонкий, чем у черныша. Крыло самцов – 119-129, самок – 120-129 мм, вес – 55-72 г.

Сходства – отличия: от черныша отличается более светлой окра-

**üstki ýelekleriniň reňkiniň öçügsidigi, guýrugynyň köp sanly kese zolaklydygy we ganatynyň aşagynyň açyk reňklidigi**, şeýlede aýaklarynyň uzyn hem reňki goňurarka çulukdan; arkasynyň, boýnunyň, döşüniň aladygy we has açyk reňlidigi daşaýjy çulukdan we çüňküniň we aýaklarynyň has gysgadygy bilen akarçeşme çulukdan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi Ýewraziýanyň sähra (demirgazyk zolagy), tokaýly sähra, tokaý we bölekleýin tundra zolaklary. Uçup geçende giň ýaýran. Türkmenistanda içki suw ýataklarynda we deňziň kenarýakasynda. Merkezi we Günorta Afrikada, Günorta (Hindistanda) we Günorta - Gündogar Aziýada, Awstraliýanyň käbir ýerlerinde gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän, bölekleýin gonup-uçup gezýän guş. Ýazyna martda, esasan hem, aprel maýda, gija galanlary maýyň aýagyna-iýunyň başynda uçup geçýär. Gonup-uçup gezýänleri iýunyň aýagynda-iýulyň başynda duşýar. Güýzine – iýulyň soňunda-sentýabrda uçup geçýär. Gijä galyp gelenleri oktýabrda, noýabrda seýregräk duşýar. Käte sürä hem toplanýarlar. Mör-möjekler we olaryň liçinkalary bilen iýmitlenýär.

Statusy: ýeterlik öwrenilmedik, köp sanly däl, uçup geçende käbir ýerlerde adaty görnüş.

ской, неярким надхвостьем, **множеством поперечных полос на хвосте и светлым исподом крыла**, а также длиной и цветом ног, от перевозчика – пестринами на спине, шее, груди и более светлой окраской, от поручейника – более коротким клювом и ногами.

Распространение: гнездовая часть ареала – степная (северная полоса), лесостепная, лесная и, частично, тундровая зоны Евразии. На пролете – шире. В Туркменистане – на внутренних водоемах и морском побережье. Зимует в Центральной и Южной Африке, Южной (Индостан) и Юго-Восточной Азии, местами в Австралии.

Образ жизни: пролетная, частично летующая птица. Весенний пролет – с марта, но, в основном, в апреле-начале мая. Позднепролетные – до конца мая-начала июня. Летующие – в конце июня-начале июля. Осенний пролет ранний, уже с конца июля и по сентябрь. Запоздавшие особи – в октябре, редко ноябре. Нередко объединяется в стайки. Питается насекомыми и их личинками.

Статус: недостаточно изученный, немногочисленный, местами на пролете обычный вид.

### 159. Egriçüňk çuluk – *Xenus cinereus* – Мородунка

Meýdan alamatlary: **uzyn ýokarlygyna gaýşak (jaýty) garamtyl çüňkli, çalymtyl-sary reňkli** gysga aýakly, sar ölçegli çuluk. Horazy

Полевые признаки: кулик размером со скворца, на коротких ногах **серо-желтого цвета, длинным изогнутым кверху темным**



mäkiýanyna meňzeş, bedeniniň üsti tüssesiňen-çalymtyl ýa-da goňurrak garamtyl menekli, aşaky tarapy ak, döşi we boýny insiz menekli. Güýzine, uçup geçýän döwründe, meneksiz bir reňkli. Sesi myňňy-myňňyly - “hiiip-hiiip”. Horazlarynyň ganaty - 121-134, mäkiýanlarynyňky – 123-136, çüňki - 37-52 mm, agramy - 47-76 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: inçelen çüňkiniň **ýokarlygyna gaýşakdygy - jaýtydygy bilen** beýleki maýda çuluklardan anyk tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi Gündogar Ýewropa we Demirgazyk Aziýa (tundradan we tokaýly tundra zolaklaryndan başgalarynda). Uçup geçende giň ýaýran. Türkmenistanda Hazar deňziniň kenarynda we içki suw ýataklarynyň käbir ýerlerinde. Günorta we Gündogar Afrikanyň, Arabystanyň, Pars aýlagynyň, Günorta Hindistanyň, Günorta-Gündogar Aziýanyň, Demirgazyk we Günbatar Awstraliýanyň kenarýakalarynda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän görnüş. Ýazyna martyň aýagynda we maýda, güýzine awgystyň aýagyndan noýabra çenli uçup geçýär. Balykgulaklar, leňňeçler, mör-möjekler we olaryň liçinkalary bilen iýmitlenýär.

Statusy: örän seýrek, az öwrenilen görnüş.

**клювом**. Самец и самка окрашены сходно, верх тела дымчато-серый или буроватый с темными пестринами, низ белый, с узкими пестринами на груди и шее. Осенью, в период пролета, окрашены более однотонно, без пестрин. Голос – гнусавое «хииип-хииип». Крыло самцов – 121-134, самок – 123-136, клюв – 37-52 мм, вес – 47-76 г.

Сходства – отличия: от всех мелких куликов хорошо отличается вздернутым **кверху утонченным клювом**.

Распространение: гнездовая часть ареала – Восточная Европа и Северная Азия (кроме тундры и лесотундры). На пролете – шире. В Туркменистане – на Каспийском побережье, местами по внутренним водоемам. Зимует по побережьям Южной и Восточной Африки, Аравии, Персидского залива, Южной Индии, Юго-Восточной Азии, Северной и Западной Австралии.

Образ жизни: пролетный вид. Весенний пролет – с конца марта и в мае. Осенний – с конца августа до ноября. Питается моллюсками, рачками, насекомыми и их личинками.

Статус: очень редкий малоизученный вид.

### 160. Daşaýjy çuluk – *Actitis hypoleucos* – Перевозчик

Meýdan alamatlary: gysgarak aýaklary çal reňkli we kelteräk garamtyl çüňkli, ölçegleri sardan kiçiräk uly bolmadyk çuluk. Horazynyň we mäkiýanynyň reňkleri meňzeş. Bedeniniň üstki tarapy bürünç reňkýaşylymtyl öwüşginli çägepisintgoňur we insiz kese menekli. Aşagy

Полевые признаки: некрупный кулик размером меньше скворца, с относительно короткими ногами серого цвета и недлинным прямым темным клювом. Самец и самка окрашены сходно. Верхняя часть тела песчано-бурая с бронзово-зеленоватым отливом и тонкими

ak, petekesiniň gapdallary goňur ýokungyly, boýny we döşi insiz garamtyl menekli. Gyşyna uly we ýaş guşlar öçügsi reňkli, bedeniniň aşaky tarapy meneksiz. Sesi – "pýuiik-pýuiik". Horazlarynyň ganaty - 90-114, mäkiýanlarynyňky – 102-114 mm, agramy - 43-74 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: **bedeniniň üstki tarapynyň bürünç reňk-ýaşylymtyl öwüşginlidigi** beýleki maýda çuluklardan we **çüňküniň gysga gönüdigi** bilen egriçüňk çulukdan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: giň–tutuş Ýewraziýa, günorta we demirgazyk taraplaryndandan başgalarynda. Uçup geçende giň ýaýran. Türkmenistanda içki suw ýataklaryň amatly ýerlerinde we deňiz kenarýakasynda. Ýewropanyň günorta - günbatar çetlerinde, Afrikada (Saharadan başgalarynda), Arabystanyň kenarýakasynda, Günorta, Günorta-Gündogar Aziýada, Awstraliýada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän we höwürtgeleýän guş. Ýazyna–martyň ortasyndan we maýda uçup geçýär. Maýyň soňunda iýunda - iýulda hö-würtgeleýär. Höwürtge ýerde, düýbüne otlaryň sypallary düşelen ýalpak çukurjyk. Adatça, 4 sany gyzylymtyl-goňur menekli gülgüneçyparrak reňkli ýumurtgalary goýýar. Jüýjeleri iýunyň ikinji ýarymynda-iýulyň başyn-da peýda bolýarlar. Ýaşlary iýulyň ikinji ýarymynda-awgustyň başynda uçurym bolýarlar. Güýzki gonup-göçme we uçup-geçme awgustyň aýagyndan noýabra çenli dowam edýär. Ownuk suw oňurgasyzlary bilen iýmitlenýär.

Statusy: gowşak öwrenilen, köp sanly däl görnüş.

поперечными пестринами. Низ белый, с бурым налетом на боках зоба и узкими темными пестринами на шее и груди. Взрослые зимой и молодые птицы окрашены тускло, без пестрин на нижней стороне тела. Голос – «пюиик-пюиик». Крыло самцов – 90-114, самок – 102-114 мм, вес – 43-74 г.

Сходства – отличия: от других мелких куликов отличается **бронзово-зеленоватым оттенком верха тела**, от мородунки – **прямым коротким клювом**.

Распространение: обширное – почти вся Евразия, кроме южных и северных областей. На пролете – шире. В Туркменистане – в подходящих местах по различным водоемам и морскому побережью. Зимует на крайнем юго-западе Европы, в Африке, кроме Сахары, побережье Аравии, в Южной и Юго-Восточной Азии, Австралии.

Образ жизни: пролетная и гнездящаяся птица. Весенний пролет – с середины марта и в мае. Гнездится в конце мая-июне-июле. Гнездо – на земле в виде неглубокой ямки с выстилкой из размочаленных травинок. Кладка, обычно, из 4 яиц розово-палевого цвета и красно-бурыми крапинами. Пуховички – во второй половине июня-начале июля. Молодые становятся летными во второй половине июля-начале августа. Осенние кочевки и пролет – с конца августа до ноября. Питаются мелкими водными беспозвоночными.

Статус: слабо изученный, немногочисленный вид.



### 161. Ikburun ýüzegenje – *Phalaropus lobatus* – Круглоносый плавунчик

Meýdan alamatlary: uzynrak ik görnüşli, ýöne sähelçe gapdalyndan gysylan inçe **gara çüňkli**, garamtyl aýakly, barmaklarynyň gyralary deripisint parawuzly, ölçegleri serçe ýaly, maýda çuluk. Jübütleşme lybasynda (bu bezegde bizde örän seýrek gabat gelýär) horazynyň döşi we böwürleri çalymtyl, garyny ak, umumy reňki çalymtyl-gara, alkymy we bokurdagy ak, boýnunyň gapdallarynda kiçiräk çyparrrak meýdançaly. Mäkiýany has ýagty reňkli we anyk nagyşly. Güýz-gyş döwründe (bizde gabat gelýan wagty) ulularynyň we ýaşlarynyň ýelek örtügi, üstki tarapy goýalan agymtyl-çal reňkli. **Garyn tarapy, bokurdagy, kellesiniň gapdallary, maňlaýy we gaşy ak, depesi melemtil-goňur.** Suwda süri bolup gezýär, örän çalt ýüzýär. Sesi gysga - "çirk-çirk", ýöne, serçäniň sesi däl. Horazlarynyň ganaty - 99-112, mäkiýanlarynyňky – 95-116 mm, agramy -26-46 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: reňki, ölçegleriniň kiçidigi we **uzyn bizşekilli garamtyl reňkli** çüňki bilen ýasyburun ýüzegenjeden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi Ýewraziýanyň we Amerikanyň tundra we tokaýly tundra zolaklary. Uçup geçende, materikleriň içki bölekleri bilen bilelikde giň ýaýran. Türkmenistanda içki suw ýataklarda we Hazar deňziniň kenarýakasynda. Günorta Amerikanyň günbatar kenarýakalarynda, Arabystanyň günortasynda, Aziýanyň günorta - gündogar çetlerinde gyşlaýar.

Полевые признаки: мелкий кулик, размером с воробья, с относительно длинным круглым, но слегка сжатым с боков тонким **черным клювом**, темными ногами, лапы с характерными кожистыми оторочками на пальцах. В брачном наряде (в котором у нас встречаются очень редко) у самцов грудь и бока серые, брюшко белое, общая окраска серо-черная, подбородок и горло белые, а по бокам шеи небольшие рыжеватые участки. Самки более яркие и с четким рисунком. В осенне-зимнее время (когда встречаются у нас часто) оперение взрослых и молодых, в целом, светло-серое, более темное сверху. **Брюшная сторона, шея, бока головы, лоб и бровь – белые, а темя – буровато-коричневое**. Держатся на воде в стайках, очень подвижны. Голос – короткие «чирк-чирк», но не похож на воробья. Крыло самцов – 99-112, самок – 95-116 мм, вес – 26-46 г.

Сходства – отличия: от плосконосого плавунчика отличается окраской, мелкими размерами и **длинным шиловидным клювом темного цвета**.

Распространение: гнездовая часть ареала – тундровая и лесотундровая зоны Евразии и Америки. На пролете – гораздо шире, включая и внутренние части материков. В Туркменистане – на внутренних водоемах и Каспийском побережье. Зимует на западном побережье Южной Америки, юге Аравии и крайнем юго-востоке Азии.

Образ жизни: пролетная, в от-

Ýaşaýşy: uçup geçýän, käýarym gonup-uçup gezýän guş. Ýazyna aprelde we iýunyň başyna çenli uçup geçýär. Gonup-uçup gezýänleri – iýulda duşýar. Güýzine – awgystyň aýagynda-oktýabrda uçup geçýär. Gijä galanlary noýabra çenli, emma seýregräk gabat gelýär. Suwdaky maýda, suwuň ýüzüne gaýýan oňurgasyzlar bilen iýmitlenýär.

Statusy: adaty, käbir ýyllarda köpsanly görnüş. Tötänden awlanýan aw guşy.

дельные годы летующая птица. Весенний пролет поздно – с начала апреля и до начала июня. Осенний пролет ранний – с конце августа и в октябре. Позднепролетные – до ноября, но редко. Питаются мелкими водными беспозвоночными, собирая их на поверхности воды при плавании.

Статус: обычный, в некоторые годы многочисленный вид. Случайный объект охоты.

### 162. Ýasyburun ýüzegenje – *Phalaropus fulicarius* – Плосконосый плавунчик

Meýdan alamatlary: gysgarak ýasy çüňkli we çalymtyl-sary aýakly, serçeden ulurak, kiçi çuluk. **Güýz-gyş döwründe** (bizde gabat gelende) **uly we ýaş guşlaryň üstki tarapy mawymtylrak-çal, aşaky tarapy – ak reňkli.** Maňlaýy we kellesiniň gapdallary edil şonuň ýaly çalymtyl-çyparrak ýokundyly ak, gözüniň üsti gara zolakly. Sesi sokdyrylan - "krrri". Horazylarnyň ganaty - 123-134, mäkiýanlarynyňky – 127-138 mm, agramy - 42-61 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: ikburun ýüzegenjeden sähelçe ulurak, gysgarak sarymtyl reňkli ýasy çüňki bilen tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi Aziýanyň, Grenlandiýanyň we Amerikanyň arktika tundra zolagy. Uçup geçende has giň ýaýran, emma, materikleriň içki böleklerinde seýregräk. Türkmenistanda – wagtal-wagtal Hazar deňziniň kenarýakasynda hem Sarygamyşda gabat gelýär. Afrikanyň we Günorta Amerikanyň günbatar kenarýakalarynda gyşlaýar.

Полевые признаки: небольшой кулик, крупнее воробья, с уплощенным коротким клювом и серовато-желтыми ногами. **В осенне-зимний период** (когда может быть встречен у нас) **взрослые и молодые птицы сверху окрашены в голубовато-серый, снизу – в белый цвет**. Лоб и бока головы тоже белые с серовато-рыжеватым налетом, через глаз – черная полоска. Голос – протяжное «кррри». Крыло самцов – 123-134, самок – 127-138 мм, вес – 42-61 г.

Сходства – отличия: немного крупнее круглоносого плавунчика, отличается **коротким уплощенным клювом желтоватого цвета**.

Распространение: гнездовая часть ареала – арктические тундры Азии, Гренландии и Америки. На пролете – намного шире, но во внутренних частях материков крайне редок. В Туркменистане может спорадически встречаться на Каспийском побережье, (не исключено на Сарыкамыше). Зимует по западным побережьям Африки и Южной Америки.



Ýaşaýşy: uçup geçýän guş. Suwdaky maýda oňurgasyzlar bilen iýmitlenýär.

Statusy: öwrenilmedik, seýrek görnüş.

Образ жизни: пролетная птица. Питается мелкими водными беспозвоночными.

Статус: не изученный у нас, редкий вид.

### Garlawaç pisint çuluklar – *Glareolidae* – Тиркушковые

Daşky görnüşi garlawaçlara çalymdaşlyk edýän (takyrýorgadan başgasy), emma olardan ulurak guşlar maşgalasy. Guýrugy ýabaly, ganatlary uzyn çowly, agyz kesimi uly. Uçup geçýärler, açyk giňişliklerde, adatça, suw ýataklarynyň golaýynda, şorluk ýerlerde hem mekan tutýarlar. Ýerde höwürtgeleýär. Dünýäde 15 görnüş, şolaryň 3-si Türkmenistanda.

Семейство птиц, общим видом напоминающих ласточек (кроме бегунков), но заметно крупнее их. Хвост вильчатый, длинные острые крылья, большой разрез рта. Перелетные, населяют открытые пространства, обычно у водоемов, не избегают солончаков. Гнездятся на земле. В мире 15 видов, из которых в Туркменистане – 3.

### 163. Takyrýorga – *Cursorius cursor* – Бегунок

Meýdan alamatlary: sar ölçegli çuluk. Horazy mäkiýanyna meňzeş. Arkasy sarymtyl-çägereňk öwüşginli, depesiniň öňki bölegi çypar reňkli. Yzky tarapy mawymtyl-çal bolup, ýeňsesi çala saýgardýan gara tegmilli. Gözünden ýeňsesine tarap ak we gara zolak gidýär. **Yzky bölegi mawumtyl-çal, depesi çala saýgardýan garamtyl tegmilli. Gözünden depesine geçýän iki sany ak we gara zolakly. Uçup barýarka ganatlarynyň aşagy gara, üstki tarapyndan tapawutlylykda, olaryň diňe uçlary gara.** Garyn tarapy we guýrugynyň aşagy ak. Çüňki gara, kellesiniň uzynlygyna deň we sähelçe aşaklygyna egmek. Aýaklary, başgalara garanyňda uzyn, sarymtyl ýa-da goňurrak reňkli. Ýaşlarynyň arkasy goňur kese zolakly, depesi çal reňli däl. Kellesini ýokaryk gaýşardyp ylgaýar. Sesi – "kuett-kuett". Ganaty - 153-169 mm, agramy -148-152 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: kel-

Полевые признаки: размером со скворца. Самец и самка окрашены сходно. Спина однотонная желтовато-песочная, передняя часть темени с рыжиной. **Задняя часть голубовато-серая**, с малозаметными черными пятнами на затылке. **От глаза к затылку идут две полоски – белая и черная**. **В полете крылья снизу черные, а сверху – только их концы**. Брюшная сторона и подхвостье – белые. Клюв черный, равный длине головы и слегка загнут вниз. Ноги сравнительно длинные, желтоватого или буроватого цвета. Молодые птицы с поперечными бурыми полосами на спине, темя без серого цвета. Бегает, высоко задирая голову. Голос – «куэтт-куэтт». Крыло – 153-169 мм, вес – 148-152 г.

Сходства – отличия: от других куликов отличается характерной окраской головы и обилием черного цвета на крыльях, от луговой

lesiniň häsiýetli reňki we ganatlarynyň goýy-gara boýaglydygy beýleki çuluklardan; uzalan çüňkiniň aşaklygyna egmekdigi we aýaklarynyň uzyndygy bilen garlawaç pisint çemen we sähra çuluklaryndan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi temilleýin Afrikanyň günbatar, demirgazyk we merkezi böleklerinde (Sahara çölüniň günortasy) çetlerinde, Arabystanyň demirgazykgünbatar bölegi, Ýakyn Gündogar, Alynky Aziýanyň käbir ýerlerinde we Orta Aziýanyň günbatarynda. Türkmenistanda Garabogaz kölünden we Türkmenbaşydan Köpetdagyň eteklerine, Bathyza we Murgap jülgesine çenli. Arealynda höwürtgeleýän böleginiň günortasynda gyşlaýar, onuň demirgazyk bölegindäki çäklerinden Gündogar Afrika, Günbatar Arabystana, Päkistana we Demirgazyk-Günbatar Hindistana uçup gidýär.

Ýaşaýşy: höwürtgeleýän guş. Dykyz toprakly, seýrek ösümlikli ýarym çöllük ýerlerde ýaşaýar (şor ýerlerde hem gezýär). Ýazyna martyň aýagynda we aprelde uçup gelýär. Güýzine - sentýabryň ortasyndan we oktýabrda uçup gidýär. Apreliň aýagyndan awgustyň başyna çenli höwürtgeleýär. Höwürtgesi ýerde, düýbüne hiç zat düşelmedik ýalpajyk çukurjyk, 2 sany goňur menekli çalymtylrak-çypar reňkli ýumurtgalary goýýar. Möwsümde iki gezek ýumurtga goýmaklary hem mümkin. Mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: seýrek görnüş, Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen. Bathyz goraghanasynyň, şeýle-de Köpetdag goraghanasynyň Mäne-Çäçe çäkli goraghanasynyň guşlarynyň iň täsin wekilleriniň biri.

и степной тиркушек – удлиненным изогнутым вниз клювом и длинными ногами.

Распространение: гнездовая часть ареала мозаична – крайние области на западе, севере и в центре (юг Сахары) Африки, северо-западная часть Аравии, Ближний Восток, местами в Передней и западе Средней Азии. В Туркменистане – от Карабогазгола и Красноводского полуострова до предгорий Копетдага, Бадхыза и долины Мургаба. Зимует в южных частях гнездовой части ареала, а из северных ее областей улетает в Восточную Африку, Западную Аравию, Пакистан и Северо-Западную Индию.

Образ жизни: гнездящаяся птица. Обитатель полупустынных плотно-почвенных участков (не избегает солончаков) с разреженной растительностью. Весенний прилет – с конца марта и в апреле. Отлет – с середины сентября и в октябре. Гнездовой период – с конца апреля и до начала августа. Кладка – в конце апреля-начале мая. Гнездо – небольшое углубление в почве без подстилки. В кладке обычно 2 яйца серовато-рыжего цвета с бурыми крапинами. Не исключено наличие двух кладок за сезон. Питается насекомыми.

Статус: редкий вид, внесен в Красную книгу Туркменистана. Один из наиболее интересных представителей птиц Бадхызского, а также Меана-Чачинского заказника Копетдагского заповедников.



## 164. Garlawaç pisint çemen çulugy – *Glareola pratincola* – Луговая тиркушка

Meýdan alamatlary: gysga çüňkli we aýakly, maýda çarlaklaryň ölçegindäki çuluk. Horazlary we mäkiýanlary tomsuna, eger-de mäkiýanyň "uýanlygynyň" gara däl-de goýy-goňurdygyny hasaba almasaň, meňzeş reňkli. Arkasy çalymtyl-ýaşylymtyl öwüşginli tüssereňk-gönur. Guýrugynyň üsti ak. Bokurdagy we boýnunyň aşagy–agymtyl-çypar. Gözüden aşaklygyna, bokurdagy bilen çäklenip, insiz gara zolar geçýär. Döşi tüssereňk-gönur, yzky bölegi çyparrak ýokundyly agymtyl. Garny we guýrugynyň aşagy ak. Ganatlary gara. **Ganatlarynyň aşagy we goltugy goňrasrak ýada ýagty - çypar.** Guýrugy ýabaly. Guýrugynyň çetki ýelekleri uzalan, goňur-gara uçly ak. Çüňki gysga, inli, düýbi gyzylymtyl, gara reňkli, agyz kesimi giň. Aýaklary gara. Gyşyna uly we ýaş guşlar öçügsi reňkli. Olaryň ganatlary we gowşak ýabaly guýrugy agymtyl uçly. Gykylykçy guş, sesi şöwhunly - "kýurre-kek-kittik". Uzynlygy – 255-270, horazlarynyň ganaty – 182-200, mäkiýanlarynyňky – 185-192, çüňki – 13.3-13.5 mm, agramy – 90 g çenli.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: ganatynyň aşagynyň **çypardygy** ýa-da **goňrasdygy** garlawaç pisint sähra çulukdan; **uçup barýarka uly garlawajy ýada salýan** özboluşly gabarasy bilen beýleki çuluklardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän döwründe Günorta Ýewropanyň, Kiçi, Alynky we Orta Aziýanyň, Günorta Gazagystanyň, şeýle-de Afrikanyň

Полевые признаки: размером с мелкую чайку, с относительно коротким клювом и ногами. Летом самцы и самки окрашены сходно, за исключением цвета «уздечки» – у самок она темно-бурая, а не черная. Спина дымчато-бурая с серо-зеленым оттенком. Надхвостье белое. Горло и низ шеи светло-рыжие. Вниз от глаз, ограничивая горло, идет узкая черная полоска. Грудь дымчато-бурая, в задней части белесая, с рыжеватым налетом. Брюшко и подхвостье белые. Крылья черные. **Испод крыла и подмышечные – каштановые или ярко-рыжие**. Хвост вильчатый. Крайние хвостовые перья удлиненные, белые с коричнево-черными концами. Клюв короткий, широкий, черного цвета, с красноватым основанием, разрез рта широкий. Ноги темные. Взрослые зимой и молодые имеют более тусклую окраску. Крылья и слабо вильчатый хвост у них имеют светлые окончания. Крикливая птица, голос трескучий – «кюрре-кек киттик». Длина – 255-270, крыло самцов – 182-200, самок – 185-192, клюв – 13.3-13.5 мм, вес – до 90 г.

Сходства – отличия: от степной тиркушки отличается **рыжим** или **каштановым** исподом крыла. От других - своеобразным силуэтом – **в полете напоминает крупную ласточку**.

Распространение: в гнездовой период – побережья водоемов Южной Европы и Малой, Передней и Средней Азии, Южного Казахстана,

günorta böleginiň käbir ýerlerindäki suw ýataklaryň kenarýakalary. Uçup geçende giňişleýin gabat gelýär. Türkmenistanda içki suw ýataklaryň golaýynda we Hazar deňziniň kenarýakasynda. Merkezi we Günorta-Gündogar Afrikada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän guş. Ýazyna martyň aýagyndan maýyň başyna, güýzine –awgustyň soňundan oktýabr aýyna çenli uçup geçýär. Açyk giňişlikleri halaýar, emma, adatça suw ýataklarynyň golaýynda gezýär. Topar bolup, ýerde höwürtgeleýär. Höwürtgesi kiçiräk çukurjyk. Maý-iýunda 3 sany gür menekli kirliräk-ak ýumurtgalary goýýar. Jüýjeleri iýunyň aýagynda çykýar. Iýulda jüýjeleri uçurym bolýarlar. Uly mör-möjekler, tomzaklar we çekirtgeler bilen, olary ýerden çöpläp we howadan gapyp iýmitlenýär.

Statusy: köp sanly däl we ýeterlik öwrenilmedik görnüş.

а также местами в южной половине Африки. На пролете встречается шире. В Туркменистане – вблизи внутренних водоемов и на побережье Каспия. Зимует в Центральной и Юго-Восточной Африке.

Образ жизни: пролетная, гнездящаяся птица. Весенний пролет – с конца марта до начала мая. Осенний – с конца августа до октября. Тяготеет к открытым пространствам, но, обычно, держится вблизи водоемов. Гнездятся прямо на земле, образуя колонии. Гнездо – небольшая ямка в грунте. Кладки в мае-июне, обычно из 3 грязновато-белых яиц с густыми пятнами. Пуховички – в конце июня. Хорошо летающие молодые – с июля. Питается крупными насекомыми, жуками и саранчой, которых ловит на земле и на лету.

Статус: немногочисленный и недостаточно изученный вид.

### 165. Garlawaç pisint sähra çulugy – *Glareola nordmani* – Степная тиркушка

Meýdan alamatlary: tomsuna horazlary mäkiýanlaryna meňzeş we garlawaç pisint çemen çulugyna örän çalymdaş, ýöne ondan ulurak, ýabaly guýrugy has çuň oýukly. Reňki has goýy, **ganatlarynyň aşagy gara.** Ýaşlary öçügsi reňkli. Sesi köplenç "kettek", "ke-ti-tik" ýada "tr-r-rt". Horazlarynyň uzynlygy – 250-285, mäkiýanlarynyňky – 255-280, horazlarynyň ganaty – 182-204, mäkiýanlarynyňky – 183-200 mm, agramy – 87-105 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: **"uçýan garlawaç"** gabaraly - beýleki çuluklardan **ganatlarynyň aşagynyň garadygy** bilen garlawaç pisint çemen çulukdan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Günorta-Gündogar Ýewropanyň we Gazagystanyň sähra zolagynyň suw ýataklaryna ýanaşyk ýerlerinde höwürtgeleýär. Uçup geçende giňişleýin duşýar. Türkmenistanda içki suw ýataklarda we Hazar deňziniň kenarýakasy. Günorta, Günbatar Afrikanyň käbir ýerlerinde gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän guş, suwdan daş bolmadyk açyk giňişliklerde saklanýar.

Statusy: örän seýrek, bizde heniz öwrenilmedik görnüş, MSOP-yň Gyzyl sahypasyna girizilen.

Полевые признаки: взрослые самцы и самки летом окрашены сходно и очень похожи на луговую тиркушку, но крупнее ее, а вырезка вильчатого хвоста еще глубже. Окраска более темная, **испод крыла черный**. Молодые птицы окрашены тусклее. Голос – часто «кеттек», «ке-ти-тик», или «тр-р-рт». Длина самцов – 250-285, самок – 255-280, крыло у самцов – 182-204, у самок – 183-200 мм, вес – 87-105 г.

Сходства-отличия: от других отличается характерным силуэтом **«летящей ласточки»**, от луговой тиркушки – **черным исподом крыла**.

Распространение: гнездится на водоемах степной зоны Юго-Восточной Европы и Казахстана. На пролете встречается шире. В Туркменистане – внутренние водоемы и Каспийское побережье. Зимует в Южной, местами в Западной Африке.

Образ жизни: пролетная птица, придерживается открытых пространств недалеко от водоемов.

Статус: очень редкий, почти не изученный у нас вид, внесен в Красный список МСОП.

### Deňizçi çarlaklar – *Stercorariidae* – Поморниковые

Ganatlary uzyn çowly we gurugynyň ortaky ýelekleri uzalan orta ölçeglerdäki guşlar maşgalasy. Daşyndan çarlaklara meňzeş. Deşli çüňkiniň ujy gaňyrçakly egmek, aýaklary teňňeli egmek ýiti dyrnakly. Demirgazyk we günotra ýarymşaryň sowuk giňişliklerinde ýaýran. Migrasiýa döwründe uçup, tötänden kontinentleriň içine, şol sanda Orta Aziýa hem aralaşmaklary mümkin. Gemrijiler (lemminigler), balyklar bilen iýmitlenýär. Deňizçi çarlaklar, başgaça, ogry mugthorlar, ýagny beýleki guşlary (çarlaklary, çerikleri) howada kowalap, agzyndaky pidalaryny taşlamaga mejbur edip, iýmitlenýärler. Seýle-de beýleki guşlaryň, aýratyn-da, deňizýakasyndaky guş koloniýalaryna ýanaşyk ýerlerde öz höwürtgelerini gurup, ýumurtgalaryny we jüýjelerini iýýärler.

Türkmenistanda bu maşgaladan (jemi 5 görnüş), Hazar deňzine

Семейство птиц средних размеров с длинными острыми крыльями и удлиненными средними перьями хвоста. Внешне схожи с чайками. Конец мощного клюва загнут крючком, лапки чешуйчатые с острыми загнутыми коготками. Распространены в холодных широтах северного и южного полушарий. Во время миграций могут залетать далеко вглубь континентов, в том числе, и Среднюю Азию. Питаются грызунами (лемминги), рыбой. Поморники – клептопаразиты – то есть отнимают корм у других птиц (чайки, крачки), преследуя их в воздухе, заставляют бросить добычу. Поедают также яйца и птенцов других птиц, особенно морских, вблизи колоний которых устраивают свои гнезда.

Из этого семейства (всего 5 видов) в Туркменистан, на Каспий и Сарыкамыш спорадично мо-

we Sarygamyş kölüne 3 görnüşiň seýregräk, tötänden uçup gelmekleri mümkin: deňizçiýany **uzynguýruk çarlak – *Stercorarius longicaqudus*** (sur. **166**), onuň ölçegi kepderi ýaly, deňizýany çarlaklardan iň kiçisi, onuň guýruk ýeleklerinden iki sany ortaky ýeleginiň has uzyndygy, uçup barýarka galgaýandygy oňat görünýär; **posly çarlak – *Stercorarius parasiticus*** (sur. **167),** ölçegleri deňizýany uzynguýruk çarlakdan ulurak, guýrugynyň ortasynda iki sany çowly ýelekleri bolýar; deňizçiýany **orta çarlak – *Stercorarius pomarinus*** (sur. **168),** olaryň arasynda iň ulusy, onuň guýrugynyň ortasyndaky ýelekleri çowly däl, tegelenen we biraz düýrlenen, şonuň üçin, uçup barýarka aýaklary yza uzalan ýaly bolup görünýär.

гут залетать 3 вида: **длиннохвостый поморник – *Stercorarius longicaqudus*** (рис. **166),** самый мелкий из поморников, размером с голубя, у него хорошо заметны сильно удлиненные два центральных хвостовых пера (колышатся в полете); **короткохвостый поморник – *Stercorarius parasiticus*** (рис. **167),** размером крупнее длиннохвостого поморника, имеет заостренные два центральных пера на хвосте; **средний поморник – *Stercorarius pomarinus*** (рис. **168),** наиболее крупный из них, у него центральные хвостовые перья не заострены, а закруглены, повернуты вертикально и при виде сбоку выглядят как вытянутые ноги.

## Çarlaklar – *Laridae* – Чайковые

Ululyklary kepderiden gazlara çenli bolan, dürli guşlar maşgalasy. Göwresi dykyz, ganatlary inli we uzyn uçlary çowly. Guýrugy orta uzynlykda, inli, käte oýuk ýa-da uzalyp ösen çetki ýa-da ortaky guýruk ýelekli. Umuman, açyk reňkli, emma, üstki tarapy, adatça, garamtylrak – ýylyň möwsümine we guşlaryň ýaşyna baglylykda açyk-gökden gara reňke çenli. Kellesi käte garamtyl "telpejikli". Çüňki orta uzynlykda, daýaw, gapdalyndan gysylan, ujy gapyrgaly, gaňyrçakly ýa-da gaňyrçakly däl. Aýaklary gysgarak, penjeleri, adatça, dört barmakly, öňki 3-si ýüzgüç perdeli. Zeminiň nemme ýerlerinde mekan tutýar, deňizleriň we suw yataklaryň kenarýakalarynda gezýär. Topar (koloniýa) bolup ýaşaýarlar. Çägeli burunlarda, adalarda, dag gaýalarynda we agaçlarda seýregräk höwürtge gurýarlar. Guşlaryň horazlary hem mäkiýanlary kürk bolup oturýarlar we jüýjelerini bilelikde iýmitlendirýärler. Jüýjeleri ýumurtgadan daşy penalaýjy reňkli sütük ýelekli çykýarlar, olar daşy gurandan soň, howp abananda, ylgap gaçýarlar. Guşlaryň toparynyň bimaza edilmegi, olaryň jüýjeleriniň köpçülikleýin gyrylmagyna getirmegi mümkin. Haýwan iýmiti, mörmöjekler, balyklar, maýda süýrenijiler we gemrijiler bilen iýmitlenýärler. Dünýäde 46 görnüş, şolaryň 9-sy Türkmenistanda.

Семейство птиц различной величины от голубя до гуся. Туловище плотное, крылья широкие и длинные с острыми концами. Хвост средней длины, широкий, иногда с выемкой или удлиненными крайними или средними перьями хвоста. Окраска, в основном, светлая, но верх обычно темнее – от светло-сизого до черного, в зависимости от сезона года и возраста птицы. Голова иногда с темной «шапочкой». Клюв средней длины, сильный, сжатый с боков, на конце ребристый, с крючком или без него. Ноги невысокие, лапы обычно четырехпалые, 3 передних пальца с перепонками. Населяют все части света, приурочены к побережьям морей и водоемам. Ведут колониальный образ жизни. Гнезда устраивают на песчаных косах, островах, обрывистых скалах, реже деревьях. Насиживают и выкармливают оба родителя. Птенцы полувыводковые, сначала в пуховом наряде и имеют покровительственную окраску, при опасности разбегаются. Беспокойство колонии может привести к массовой гибели птенцов. Питаются животной пищей, поедая насекомых, рыбу, мелких рептилий и грызунов. В мире 46 видов, из которых в Туркменистане - 9.

### 169. Garabaş gülegen çarlak – *Larus ichthyaetus* – Черноголовый хохотун

Meýdan alamatlary: gülegen çarlaklardan ulurak we dykyzrak (uly towuk ululygynda). Üstki tarapy gögümtylräk-çal, **ganatlarynyň ujy we kellesi gara**, bedeniniň galan bölegi-ak. **Çüňki daýaw, ujy gyzyl we gara bellikli sary.** Gözleri gara, gabaklary gyzyl, aýaklary sary. Gyşky ýelek örtügi kellesiniň ak garyndylydygy bilen tapawutlanýar. Ýaş guşlaryň arka tarapy çalymtyl-goňur, ýelekleri agymtyl gaýmaly, **guýrugynyň ujy gara zolakly**, garyn tarapy ak, döşi - çalymtyl ýokundyly we petekesiniň gapdallary aýdyň däl menekli. Aýaklary çalymtyl-goňur, çüňki garamtylrak. Sesi pessaý we bogazdan çykýar, ümsüm, "gülki" sesleri çykarmaýar. Uzynlygy – 70, ganaty – 48, ganatlarynyň gerimi – 152, guýrugy – 19 sm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: **ölçegleriniň uludygy we kellesiniň garadygy bilen** beýleki çarlaklardan oňat tapawutlanýar.

Полевые признаки: крупнее и плотнее чайки хохотуньи (величиной с крупную курицу). Сверху голубовато-серый, **концы крыльев и голова черные**, остальные части тела – белые. **Клюв массивный желтый с красной и черной отметинами на конце**. Глаза карие, веки красные, ноги желтые. Зимний наряд отличается примесью белого на голове. У молодых спинная сторона серовато-бурая со светлыми каемками перьев, **хвост с черной полосой на конце**, брюшная сторона белая с сероватым налетом на груди и с неясными пестринами по сторонам зоба. Ноги серовато-бурые, клюв черноватый. Голос низкий и гортанный, довольно молчалива, не издает «хохочущих» звуков. Длина – 70, крыло – 48, размах крыльев – 152, хвост – 19 см.

Сходства – различия: от других чаек хорошо **отличается крупными размерами и черной головой**.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän ýerleri – Azow we Hazar deňizleri, Gazagystanyň we Merkezi Aziýanyň (käbir ýerlerde) kölleri. Orta Aziýada we Türkmenistanda uçup geçende we gonup - göçende, gyşlanda Hazar deňzinde, Sarygamyşda (höwürtgelýär) we içki uly suw yataklarda gabat gelýär. Ortaýer deňziniň gündogar kenarynda, Gyzyl deňziniň, Pars aýlagynyň, Günorta Arabystanyň we Hindistanyň kenarýakalarynda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup gelýän-höwürtgeleýän we gyşlaýan guş. Ýazyna mart-aprelde, güýzine – iýul-awgustda uçup geçýär. **Toparlar örän gür bolup höwürtgeleýär.** Höwürtgeleýän ýerine uçup geleninden (mart) we ilkinji höwürtgäni gurýan wagtyna çenli (apreliň birinji ongünligi) bir aý wagty içine alýar. Kenarýakadaky çäge tümmekleriniň arasynda, adalarda, gapaklan şorluk ýerlerde höwürtgeleýär. Höwürtgesi – düýbüne çybyjaklardan, balykgulakdan we getirip iýen iýmitiniň galyndylaryndan galyň düşelenje oýjagaz. Adatça, 3 sany garamtyl menekli, mesge reňkden mawumtyldan goňura çenli üýtgeýän gabykly ýumurtgalary goýýar, ölçegleri 79 x 54 mm. Maý aýynyň birinji ongünliginde jüýjeleri çykýar. Uly guşlar nätanyş jüýjelere gabanjaň çemeleşýärler, jüýjelerini bir näçe gün geçeinden soň höwürtgeden äkidýärler we "bakja" döredýärler. Esasy iýmiti –maýda balyklar, aglaba ölileri ýa-da näsaglary, maýda gemrijiler, suwulganlar we mör-möjekler bilen hem iýmitlenmekleri mümkin.

Statusy: bizde seýrek görnüş, Hazar goraghanasynyň we Gaplaňgyr goraghanasynyň Sarygamyş çäkli goraghanasynyň guşlarynyň iň täsin wekilleriniň biri.

Распространение: область гнездования – Азовское и Каспийское моря, озера Казахстана и Центральной Азии (местами). В Средней Азии и Туркменистане – во время пролета и кочевок: зимой гнездится на Каспии и Сарыкамыше, спорадически на других внутренних водоемах. Зимуют на восточном побережье Средиземного моря, на берегах Красного моря, Персидского залива, Южной Аравии и Индостана.

Образ жизни: пролетная, гнездящаяся и зимующая птица. Весенняя миграция – в марте-апреле, осенняя – в июле-августе. **Гнездится очень плотными колониями**. С момента прилета на места гнездования (март) и до образования первых гнезд (первая декада апреля) проходит около месяца. Гнездится на песчаных дюнах и островах, на участках пухлых солончаков. Гнезда – небольшие углубления с массивной подстилкой из веточек, ракушек и остатков принесенной пищи. В кладке обычно 3 яйца от сливочного, голубоватого до коричневатого цвета с темными пестринами, размером 79 х 54 мм. Птенцы – в первой декаде мая. Взрослые агрессивны по отношению к чужим птенцам. Через несколько дней после вылупления родители уводят птенцов из гнезда и образуют «ясли». Основной корм – мелкая рыба, преимущественно, мертвая или больная, может питаться мелкими грызунами, ящерицами и насекомыми.

Статус: редкий у нас вид. Один из наиболее интересных представителей птиц Хазарского государственного заповедника и Сарыкамышского заказника.

---

**170.** *Bellik*: Hazar deňziniň türkmen kenaryna wagtal-wagtal **garabaş çarlak – *Larus melanocephalus*,** tötänden uçup gelýär (1977 ý. ilkinji gezek), ol köl çarlagyna çalymdaş, emma biraz ulurak we kellesi goňur däl-de, ýalpyldawuk-garadygy (kellesi gyşyna agymtyl) we ganatlarynyň uçlarynyň akdygy, gapdalyndan gysylan gaňyrçagrak çüňki bilen tapawutlanýar.

**170.** *Примечание*: на туркменском побережье Каспия эпизодически отмечаются (первый раз в 1977 г.) залеты **черноголовой чайки – *Larus melanocephalus***, которая похожа на озерную чайку, но чуть крупнее и отличается блестяще-черной, а не коричневой головой (зимой голова светлая) и белыми концами крыльев, и сжатым с боков, крючковытым клювом.

### 171. Kiçi çarlak – *Larus minutus* – Малая чайка

Meýdan alamatlary: ululygy kepderi ýaly, çarlaklaryň arasynda iň kiçisi. **Ýazyna kellesi gara, çüňki – goýy-gyzyl reňkli. Güýz-gyş döwründe kellesi ak**, depesi we gözüniň yzy (edil köl çarlakdaky ýaly) garamtyl meýdançaly, **çüňki – garamtylrak.** Aýaklary merjenreňk-gyzyl, gözleri gara, gabagynyň gyralary gyzyl. Ýaş guşlaryň arka tarapy goýy-goňur, ýelekleriniň gyralary agymtyl. Guýrugynyň üsti ak, ujy gara zolakly. Garyn tarapy ak, petekesiniň gapdallary garamtyl tegmilli, aýaklary gyzylymtyl-goňur. Ganatlaryny kakyp-kakyp uçýar, sesi ýiti däl –"keý-keý-keý". Uzynlygy – 28, ganaty – 22, ganatlarynyň gerimi – 70, guýrugy – 9 sm, agramy – 108-119 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: **ölçegleriniň kiçidigi** bilen beýleki çarlaklardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealy bölek-bölek. Demirgazyk Ýewropada, Günbatar Sibirde we Demirgazyk Gazagystanda, Baýkal kölüniň ýakalarynda we Gün-

Полевые признаки: самая мелкая из чаек, величиной с голубя. **В весеннее время голова черная, клюв – темно-красного цвета. В осенне-зимнее время голова белая** с темными участками на темени и позади глаз (как у озерной чайки), **клюв – черноватый**. Ноги кораллово-красные, глаза карие, края век красные. У молодых спинная сторона темно-бурая с беловатыми краями перьев. Надхвостье белое, хвост – с черной полосой на конце. Брюшная сторона белая с темным пятном по бокам зоба, ноги красновато-бурые. Полет порхающий, голос не резкий – «кэй-кэй-кэй». Длина – 28, крыло – 22, размах крыльев – 70, хвост – 9 см, вес – 108-119 г.

Сходства – различия: от других чаек **отличается мелкими размерами**.

Распространение: ареал разорван. Гнездятся в Северной Европе, Западной Сибири и Северном

dogar Sibiriň günortasynda, käte Demirgazyk Amerikanyň gündogarynda höwürtgeleýär. Uçup geçende wagtal-wagtal Orta Aziýada, Türkmenistanda, gyş döwründe Hazar deňzinde gabat gelýär. Günbatar we Günorta Ýewropanyň kenarýakalarynda, Hazar we Sary deňizleriň kenarlarynda, Demirgazyk Amerikanyň gündogar kenarýakasynyň käbir ýerlerinde gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-gyşlaýan guş. Ýazyna apreliň ortasyndan-maýda, güýzine – awgyst-sentýabrda uçup geçýär. Aglaba, uçup barýarka mör-möjekleri tutup iýmitlenýär (garlawaçlar ýaly suwuň üstünde aw edýär), maýda we näsag balyklary hem iýýärler.

Statusy: seýrek, bizde az öwrenilen görnüş.

Казахстане, в Забайкалье и юге Восточной Сибири, спорадично на востоке Северной Америки. В Средней Азии спорадично на пролетах, в Туркменистане – на Каспии в зимнее время встречается нерегулярно. Зимуют на побережьях Западной и Южной Европы, Каспийском и Желтом морях, местами на восточном побережье Северной Америки.

Образ жизни: пролетная, зимующая птица. Весенний пролет – с середины апреля, в мае, осенний – август-сентябрь. Питаются, преимущественно, насекомыми, которых ловят на лету (как ласточки, охотясь над водой), потребляют и рыбу, в основном, мелкую и больную.

Статус: редкий, слабоизученный у нас вид.

### 172. Köl çarlagy – *Larus ridibundus* – Озерная чайка

Meýdan alamatlary: ululygy garga ýaly, orta ölçegli çarlak. Arkasy we ganatlary agymtyl-gök, **ganatlarynyň uçlary gara.** Boýny, garyn tarapy we guýrugy ak. **Kellesi ýazyna goňurrak mele "telpejikli".** Çüňki we aýaklary goýy-gyzyl. **Kellesi Gyşky ýelek örtüginde agymtyl**, boýnunyň aşaky bölegi çal, gözüniň yzy goýy-çal menekli. Ýaşlarynyň üstki tarapy goňurrak, garny – ak, bokurdagy we petekesi çypar öwüşginli. Ganatlarynda gara reňk agdyklyk edýär. Guýrugynyň gyralary gara kese zolakly, çüňki garamtylrak uçly, aýaklary sarymtyl. Sesi süýndirilýän gagyldama çalymdaş. Uzynlygy – 42, ganaty – 32, ganatlarynyň gerimi – 94, guýrugy – 13 sm, agramy - 250-400 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: ganatlarynyň uçlarynyň garadygy, emma, ak tegmilleriň ýokdygy we çüňküniň gapdallaryndan gysylan däldigi gara kelle we ak çarlaklardan; ganatynyň aşagynyň akdygy bilen kepderipisint deňiz çarlakdan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: giň, endigan däl. Ýewropanyň, demirgazyk-gündogar çetlerinden başgalarynda, Aziýanyň tokaý, tokaýly sähra we ýarymçöllük zolaklarynda höwürtgeleýär. Orta Aziýada we Türkmenistanda - derýalaryň jülgelerinde, köllerde, suw howdanlarynda we beýleki suwly ýerlerde, şeýle-de deňziň kenarýakasynda. Ortaýer deňzinde, Gara we Hazar deňizlerinde, Gündogar we Günorta Aziýanyň kenarýakalarynda, Gündogar we Demirgazyk-Günbatar Afrikada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän, bölekleýin gyşlaýan we gonup-uçup gezýän (Hazar deňzinde) guş. Ýazyna fewralda uçup gidýär we aprelde uçup geçýär, gijä galanlary maýda, gonup-uçup gezýänleri -iýun-awgustda duşýar. Güýzüne -sentýabr-oktýabrda uçup geçýär, gyşlaýanlary - dekabrda gabat gelýär. Suw ýataklaryň kenarýakalarynda, topar döredip, käte çarlaklar ýa-da çerikler bilen bile höwürtgeleýär. Aprelde 3 sany goňur menekli ýaşylymtyl - goňurrak ýumurtgalary goýýar. Iýunda jüýjeleýär, iýulda jüýjeleri uçurym bolýarlar. Aglaba, haýwan iýmiti: gur-

Полевые признаки: чайка среднего размера величиной с ворону. Спина и крылья бледно-сизые, **крылья с черными концами**. Шея, брюшная сторона и хвост белые. **Весной на голове коричнево-бурая «шапочка»**. Клюв и ноги темно-красные. **В зимнем оперении голова светлая**, нижняя часть шеи серая, за глазом темно-серое пятно. У молодых верх буроватый, брюшная сторона – белая с рыжим оттенком на горле и зобу. Крылья с преобладанием темных тонов. Хвост с черной поперечной полосой по краю. Клюв с черноватым концом, ноги желтоватые. Голос похож на растянутое карканье. Длина – 42, крыло – 32, размах крыльев – 94, хвост – 13 см, вес – 250-400 г.

Сходства – отличия: от черноголовой и сизой чайки отличается черными концами крыльев, но без белых пятен и не сжатым с боков клювом. От морского голубка – белым исподом крыльев.

Распространение: широкое, неравномерное. Гнездится в Европе, кроме крайнего северо-востока, в лесной, лесостепной и полупустынной зонах Азии. В Средней Азии и Туркменистане – по долинам рек, озерам, водохранилищам и другим водоемам, а также морскому побережью. Зимует в Средиземноморье, на Черном и Каспийском морях, по побережьям Восточной и Южной Азии, Восточной и Северо-Западной Африки.

Образ жизни: пролетная, гнездящаяся, частично зимующая и летующая (на Каспии) птица. Отлет и весенний пролет в феврале и до апреля, позднепролетные – в мае, летующие – в июне-августе. Осенний пролет в сентябре-ноябре, зимующие – с декабря. Гнездится по берегам водоемов, образуя колонии, нередко с другими чайками или крачками. Кладка – в апреле, состоит из 3 яиц зеленовато-буроватого окраса с бурыми пятнами. Птенцы – в июне, летными становятся в июле. Питается, преимущественно, животными кормами – червями, водными и наземными насекомыми, мелкой больной ры-

çuklar, suw we gury ýer mör-möjekleri, näsag maýda balyklar, gurbagalar, suwulganlar we gemrijiler bilen iýmitlenýär.

Statusy: adaty, uçup geçende käbir ýerlerde köpsanly görnüş.

бой, лягушками, ящерицами и грызунами.

Статус: обычный, на пролетах иногда многочисленный вид.

### 173. Kepderi pisintli deniz çarlagy – *Larus genei* – Морской голубок

Meýdan alamatlary: ululygy kepderi ýaly guş. **Bedeniniň üstki tarapy gögümtil-çal, kellesi, boýny we guýrugy ak. Ganatlary çal, uçlary gara. Bedeniniň aşaky tarapy agymtyl, garny we döşi gülgüne öwüşginli.** Gyşky ýelek örtüginde gülgüne reňki solýar, gulaklaryny örtüji ýelekleri gara tegmilli, depesi we ýeňsesi çal ýokundyly. Gözleri göwher renk-ak, ýaş guşlaryňky agymtyl-gara, gabaklarynyň gyralary sary. Çüňki başgalara garanyňda inçe we uzyndan gyzyl, aýaklary goňurrak-gyzyl. Ýaşlarynyň üsti çalymtyl, aşagy ak, ganatlarynyň ujy gara we guýrugynyň çetki ýelekleri insiz zolakly, çüňki we aýaklary garamtyl. Sesi özboluşly "kerr-kerr" sesleri ýadyňa salýar. Ýeňil we gyradeň uçýar. Uzynlygy – 45, ganaty – 30, ganatlarynyň gerimi – 102, guýrugy – 12 sm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: ululary we ýaşlary ölçegleriniň kiçidigi, bedeniniň gelşikligi, çüňkiniň inçe gönüdigi - ak çarlakdan; höwürtgeleýän döwründe uly guşlarda goňur "telpijigiň" ýokdygy, höwürtgeländen soň - uly we ýaş guşlaryň ganatlarynyň garamtyldygy bilen köl çarlakdan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Ortaýer, Gara, Azow, Hazar deňzleriniň käbir ýerlerinde, Alynky Aziýanyň we Gazagystanyň käbir köllerinde höwürtgeleýär. Uçup geçende giň ýaýran. Türkmenistanda, aglaba, deňizde, seýregräk içki suw ýataklarda. Köpüsi Gyzyl deňziň, Pars aýlagynyň we Günorta Arabystanyň kenarýakalarynda, bir bölegi höwürtgeleýän çäklerinde, gonup-göçüp gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup gelýän-höwürtgeleýän, bölekleýin gonup uçup gezýän we gyşlaýan guş. Martyň başynda uçup gidýär we uçup geçýär, apreliň aýgyndan iýulyň ortasyna çenli höwürtgeleýär, güýzüne -awgustyň soňundan noýabra çenli uçup geçýär. Topar bolup höwürtgelemäge girişýän wagtyna çenli kiçiräk süri bolup, gonup-göçüp gezýärler. Gür topar bolup, seýregräk, beýleki çarlaklar bilen bilelikde höwürtgeleýär. Höwürtgesi şora we suwotularyň sypalyndan gurulan galyň düşekli. Höwürtgäniň gyralary guş tezeginden gatap berkeýär we ak reňki alýar. 1-3 sany garamtyl menekli açyk reňkli (reňki üýtgeýär) ýumurtgalary goýýar. Iýunda jüýjeleri çykýar, soňra olary guşlar umumy "bakja" äkidýärler, olar iýulyň soňunda uçurym bolýarlar. Maýda balyklar we oňurgasyzlar bilen iýmitlenýär.

Statusy: köpsany däl, käbir ýerlerde adaty görnüş, aw ahmiýeti ýok.

Полевые признаки: птица величиной с голубя. **Верхняя часть туловища голубовато-серая, голова, шея и хвост белые. Крылья серые, концы черные. Нижняя сторона тела светлая с розоватым оттенком на брюхе и груди**. В зимнем оперении розоватый оттенок исчезает, на кроющих уха темное пятно, на темени и затылке серый налет. Глаза жемчужно-белые, у молодых птиц светло-карие, края век желтые. Клюв относительно тонкий и длинный, красный, ноги коричнево-красные. Молодые с сероватым верхом и белым низом, с черными концами крыльев и узкой полосой по краю хвоста, клюв и ноги темные. Голос своеобразный, напоминает звук «керр-керр». Полет легкий и ровный. Длина – 45, крыло – 30, размах крыльев – 102, хвост – 12 см.

Сходства – отличия: взрослые и молодые от сизой чайки отличаются меньшими размерами, изящным туловищем, прямым тонким клювом. Взрослые от озерной чайки в гнездовой период отсутствием бурой «шапочки», взрослые вне гнездовой период и молодые – темными тонами крыла.

Распространение: гнездится местами на Средиземном, Черном, Азовском, Каспийском морях, некоторых озерах Передней Азии и Казахстана. На пролете широко. В Туркменистане, преимущественно, на море, реже на внутренних водоемах. Большинство зимует у побережья Красного моря, Персидского залива и Южной Аравии, часть особей в пределах гнездовых областей, предпринимая кочевки.

Образ жизни: пролетная, гнездящаяся, частично летующая и зимующая птица. Отлет и пролет – с начала марта, гнездование – с конца апреля до середины июля, осенний пролет – с конца августа до ноября. До образования гнездовых колоний кочуют небольшими стаями. Гнездится плотными колониями, нередко совместно с другими чайками. Гнездо – массивная постройка из веточек солянок и водорослей. От помета птиц край гнезда твердеет и приобретает белую окраску. В кладке 1-3, светлых с темными пестринами яиц (окраска варьирует). Пуховички появляются в июне, затем уводятся взрослыми в общие «ясли», на крыло поднимаются в конце июля. Питается мелкой рыбой и беспозвоночными.

Статус: немногочисленный, местами обычный вид, охотничьего значения не имеет.

**174, 175.** *Bellik*: Gündogar Hazara wagtal-wagtal **garamtylarka çarlak – *Larus fuscus*** tötänden uçup gelýär. Ol uly çarlak bolup, gülegen çarlaga (aýratyn-da, ýaşlary) örän çalymdaş, emma ölçegleri sähelçe kiçiräk we arkasy garamtylrak goýy-goňur, gyşyna kellesi - garamtyl menekli.

Gündogar Hazaryň (2008 ý.) çarlaklar maşgalasyndan bolan ýene-de bir görnüşiň **– Uly çalymtyl çarlagyň – *Larus hyperboreus*** tötänden uçup gelendigi bellendi. Ol ölçegleri boýunça bizdäki çarlaklaryň arasynda iň ulusy bolup, olardan açyk çalymtyl ganatlarynyň uçlarynyň akdygy (ýaşlarynyň ganatlary - açyk goňurrak-çal) bilen tapawutlanýar.

**174, 175.** *Примечание*: на Восточном Каспии бывают спорадические залеты **клуши – *Larus fuscus***. Эта крупная чайка очень похожа на чайку-хохотунью (особенно молодые), но чуть меньших размеров и с темной, черновато-бурой спиной, а голова зимой с темными пестринами.

Там же на Восточном Каспии недавно (2008 г.) отмечен залет еще одного вида из семейства чайковых – **бургомистра – *Larus hyperboreus***. Эта чайка по размерам наиболее крупная из наших чаек и отличается от них еще и белыми концами светло-серых крыльев (у молодых крылья – светло-буровато-серые), а грудь и брюхо - с буроватыми разводами.

### 176. Ak çarlak – *Larus canus* – Сизая чайка

<u>Meýdan alamatlary:</u> ölçegi gargadan ulurak, gülegen çarlaga çalymdaş, emma ondan mese-mälim kiçi. Ýazyna uly guşlaryň arkasy we ganatlary agymtyl-çal, **gara uçlary ak tegmilli.** Egniniň ýelekleriniň uçlary ak. Kellesi, boýny, garyn tarapy we guýrugy bir reňk - ak. **Çüňki gapdallaryndan gysylan, sary reňkli**, aýaklary ýaşylymtyl, gabaklarynyň gyrasy gyzyl, gözleri gara. Gyşky ýelek örtüginde kellesi çalymtyl tegmilli we çyzykly. Ýaşlarynyň arkasy umumy agymtyl öwüşginli, ýelekleri ýagty goňurrak-çal gaýmaly. **Ganatlary garamtyl ak tegmilli däl.** Guýrugy ak, uşlary gara zolakly, aşaky tarapy ak çalymtyl-goňur bellikli. Aýaklary çalymtyl, **çüňki gara, düýbi sarymtyl reňkli.** Sesi ýiti – "kiaa…kiaa" ýa-da "çak…çak". Uzynlygy – 45, ganaty – 36, ganatlarynyň gerimi – 112, guýrugy – 14 sm, agramy - 375-550 g.

<u>Meňzeşlikleri-tapawutlary</u>: ölçegleriniň kiçidigi we sesi bilen gülegen çarlakdan; ölçegleriniň uludygy, çüňküniň sarymtyl düýpli garadygy we gapdallaryndan gysylandygy, aýaklarynyň sarymtyl - ýaşyldygy, ganatynyň uçlarynyň garadygy bilen kepderi pisint deňiz we köl çarlaklaryndan tapawutlanýar. Ýaşlarynyň guýrugy inli garamtyl zolakly.

<u>Ýaýran ýerleri:</u> giň, emma endigan däl. Ýewraziýanyň demirgazygynda we Demirgazyk-Günbatar Amerikada, tundra zonasyndan başgalarynda, höwürtgeleýär. Günbatar we Günorta Ýewropada, Gündogar Aziýada, Demirgazyk Amerikanyň günbatarynda, Ortaýer, Gara, Hazar we Gyzyl deňzlerinde gyşlaýar. Türkmenistanda migrasiýa döwründe dürli ýerlerde giňişleýyn gabat gelýär, deňzleriň kenarýakasynda gyşlaýar.

<u>Ýaşaýşy:</u> ýyllar boýunça sany üýtgýän, uçup geçýän we gyşlaýan guş. Yazyna fewralda - martda uçup geçýär we uçup gidýär, güýzüne – sentýabryň soňundan - noýabrda uçup geçýär, gyşlaýanlary dekabryň başynda uçup gelýär. Dürli suw oňurgasyzlary, mör-möjekler, maýda oňurgalylar, ukudaky balyklar, köpçülikleýin tutulan balyklaryň galyndylary we beýleki zyňyndylar bilen iýmitlenýär, zir-zibil dökülýän ýerlerde hem gabat gelýär.

<u>Statusy:</u> adaty görnüş, aýratynda, gyşyna Hazar deňzinde.

<u>Полевые признаки</u>: размером крупнее вороны, похожа на чайку-хохотунью, но заметно меньше ее. У взрослых весной спина и крылья светло-серые, с **белыми пятнами на черных концах**. Плечи с белыми концами перьев. Голова, шея, брюшная сторона и хвост однородно белые. **Клюв сжатый с боков, желтого цвета**, ноги зеленоватые, края век красные, глаза карие. В зимнем оперении – с сероватыми пятнами и штрихами на голове. У молодых птиц общий тон спины бледный, буровато-серый со светлыми каемками перьев. **Крылья без белых пятен на темных концах**. Хвост белый с черной полосой на конце, нижняя сторона белая с серовато-бурыми отметинами. Ноги сероватые, **клюв черный с желтоватым основанием**. Голос – пронзительное «киаа…киаа» или «чак…чак». Длина – 45, крыло – 36, размах крыльев – 112, хвост – 14 см, вес 375-550 г.

<u>Сходства – отличия</u>: от чайки-хохотуньи отличается меньшими размерами и голосом, от морского голубка и озерной чайки крупными размерами, черным с желтоватым основанием и сжатым с боков клювом, желтовато-зелеными лапами и черными концами крыльев. Молодые – широкой темной полосой на хвосте.

<u>Распространение</u>: широкое, но неравномерное. Гнездится на севере Евразии и в Северо-Западной Америке, исключая зону тундр. Зимует у побережья Западной и Южной Европы, Восточной Азии, запада Северной Америки на Средиземном, Черном, Каспийском и Красном морях. В Туркменистане во время миграций встречается в различных местах, зимует на морском побережье.

<u>Образ жизни</u>: пролетная и зимующая птица с колебаниями численности по годам. Отлет и весенний пролет – в феврале-марте, осенний – в конце сентября-ноябре, зимующие – с начала декабря. Питается различными водными беспозвоночными, насекомыми, мелкими позвоночными, снулой рыбой отходами рыбных промыслов и другими отбросами, попадается на кормежке на свалках.

<u>Статус</u>: обычный вид, особенно зимой на Каспии.

## 177. Gulegen çarlak – *Larus cachinnans* – Хохотунья

Meýdan alamatlary: bedeniniň üstki tarapynyň agymtyl-çal we aşagynyň ak, ýazky bezeginde, uly çarlak. Ganatlarynyň uçlary gara. **Aýaklary we çüňki sary, aşaky çüňküniň ujy gyzyl bellikli.** Kellesi güýzki-gyşky ýelek örtüginde ak, boýny garamtyl inçe menekli. Ýaş guşlar – garamryl tegmilli we zolakly goňurrak. Olar 4 ýaşynda uly guşlaryň ýelek örtügine geçýär. Sesi – gülki, guşlar kellesini yza gaýşardyp, gülkä çalym edýän owazlary edýär. Uzynlygy – 64, ganaty – 43, ganatlarynyň gerimi – 148, guýrugy – 16 sm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: **kellesiniň açyk we arkasynyň çal reňkli, aýaklarynyň barmaklary sary we gyzyl bellikli sary çüňkli utgaşmasy** bilen bizdäki çarlaklaryň arasynda oňat saýlanýar.

Ýaýraýn ýerleri: höwürtgeleýän çäkleri – Günorta Ýewropa, Ortaýer, Gara we Hazar deňizleri, Gazagystan, Baýkal kölüniň ýakasy. Orta Aziýada we Türkmenistanda dürli suw ýataklarda, olaryň has ululary saýlaýar. Höwürtgeleýän ýerleriniň çäklerinde (Gazagystandan we Baýkal kölüniň ýakasyndan başgalarynda), şeýle-de Gyzyl deňizde, Demirgazyk-Günbatar Afrikanyň, Günorta Arabystanyň, Pars aýlagynyň we Günorta - Hytaý deňziniň kenarýakalarynda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän we gyşlaýan görnüş, bir bölegi Hazar deňzinde oturymly. Ýazyna martda-aprelde gonup-uçup migrasiýa geçýär, güýzine – sentýabr-oktýabrda uçup geçýär. Aýry-aýry toparlar ýa-da ýekelikde jübüt bolup, aglaba, balykgulak-çägelije ýa-da burunlaryň seýrek ösümlikli, gyrmançaly ýerlerinde, şeýle-de kiçräk adajyklarda, tolkunyň gyra çykaran gamyş üýşmeklerinde ýa-da tümmeklerinde höwürtgeleýär. Höwürtgesi gury otlaryň sypallaryndan we ýelek galyndylaryndan galyň düşekli. Apreliň soňundan iýunyň başyna çenli ýumurtgalaýar. 3 sany goýy-çalymtyl-ýaşyl ýa-da çyparrak-çalymtyl-ýaşylymtyl menekli we tegmilli kütek tarapynda gür toplanan ýumurtgalary goýýar. Jüýjeleri takmynan bir aýdan soň çykýar. Az wagtdan juýjelerini "bakja" gabaýarlar, howp abananda suwa tarap ylgap, ýüzüp gidýarler. Güýz-gyş aýlary kiçiräk topar bolup gezýär. Aglaba suwuň ýüzünde gaýýan maýda balyklar, balykgulaklar, leňňeçler, maýda gemrijiler, mör-möjekler, guşlaryň ýumurtgalary we jüýjeleri bilen iýmitlenýär.

Statusy: adaty, käbir ýerlerde köp sanly görnüş.

Полевые признаки: крупная чайка, в весеннем наряде со светло-серой верхней и белой нижней сторонами тела. Концы крыльев – черные. **Ноги и клюв желтые, на клюве красная отметина у конца подклювья**. В осенне-зимнем наряде голова белая, на шее темные тонкие пестрины. Молодые – буроватые с темными пятнами и полосками. Они приобретают оперение взрослых птиц на 4-й год жизни. Голос – хохочущие звуки, издавая которые, птица закидывает голову назад. Длина – 64, крыло – 43, размах крыльев – 148, хвост – 16 см.

Сходства – различия: хорошо выделяется среди других наших чаек **сочетанием светлой головы, серой спины, желтых лап и желтого клюва с красной отметиной**.

Распространение: область гнездования – Западная Европа, Средиземноморье, Черное и Каспийское моря, Казахстан, Прибайкалье. В Средней Азии и Туркменистане – на различных водоемах, из которых предпочитают более крупные. Зимуют в пределах областей гнездования (за исключением Казахстана и Прибайкалья), а также на Красном море, побережьях Северо-Западной Африки, Южной Аравии, Персидского залива и Южно-Китайского моря.

Образ жизни: пролетная, гнездящийся и зимующий вид, часть особей на Каспии оседла. Весенние перемещения и миграция – в марте-апреле, осенние – в сентябре-октябре. Гнездится разреженными колониями или одиночными парами, преимущественно, на песчано-ракушечных или илистых косах среди редкой растительности, а также на небольших островках, на наносах тростника или кочках. Гнезда – с мощной подстилкой из сухой травы с примесью перьев. Кладка – с конца апреля до начала июня. В кладке 3 темно-серо-зеленых или рыжевато-серо-зеленых яйца с отчетливыми пестринами и пятнами, сгущающимися у тупого конца. Птенцы появляются примерно через месяц после откладки яиц. Чуть позже они образуют «ясли» и при опасности бегут к воде и уплывают. В осенне-зимний сезон держатся небольшими группами. Кормятся рыбой, преимущественно, мелкой и снулой, моллюсками, крабами, мелкими грызунами, насекомыми, яйцами и птенцами птиц.

Статус: обычный, местами многочисленный вид.

---

**178.** *Bellik*: Sarygamyş kölünde, 1988-nji ýylyň aprel aýynda, tötänden uçup gelen **gülgüne çarlak – *Rhodostethia rosea*** göründi. Bu çarlak **tomus möwsüminde** ýelek örtüginiň ak-gülgünedigi, boýnunyň insiz gara halkalydygy, toýnuk guýruklydygy we aýaklarynyň açyk-gyzyldygy bilen beýleki çarlaklardan oňat tapawutlanýar.

**178.** *Примечание*: в апреле 1988 г. на оз. Сарыкамыш был отмечен залет **розовой чайки – *Rhodostethia rosea*.** Эта чайка **в летний сезон** хорошо отличается от других чаек бело-розовым оперением с узким черным кольцом на шее, клиновидным хвостом и ярко-красными ногами.

## Çerikler – *Sternidae* – Крачковые

Çarlaklara garanyňda bu maşgalanyň wekilleri has maýda. Gündizine wagtynyň köp bölegini howada, wagtal-wagtal suwda ýüzüp geçirýar. Höwürtgeländen

Представители этого семейства, в целом, более мелкие, по сравнению с чайками. Большую часть дневного времени проводят в воздухе, плавают посредствен-

soň, içki suw ýataklarda we deňziň kenarýakasynda we burunlarynda saklanýarlar. Bedeni süýnmek, inçe, ganatlary we çüňki uzyn, uçlary çowly. Aýaklary gysgajyk, barmaklarynyň arasy ýüzgüç perdeli, guýrugy adatça ýaba, giň oýuk. Uçuşy köp öwrümli we ýeňil, ganatlaryny çalt, emma seýrek güçli kakyp uçýarlar. Pidasyny synlap, howada saklanyp durýar. Olara ýokardan suwa inip, pidasyna hüjüm etmek häsiýetlidir. Esasan, balyklar we leňňeçşekilliler, käte mör-möjekler bilen iýmitlenýärler. Jübütleşýän döwründe orän gohçyl we gykylykçy. Topar bolup, gysylyşyp höwürtgelärler. Çerikleriň köpüsi höwürtge gurmaýar, olaryň diňe bir ýerde däl, eýsem, gyrymsylaryň we agaçlaryň üstünde hem höwürtgelemekleri mümkin. Görnüşleriniň käbiri suwda ösümlikleriň sypallaryndan höwürtge gurýarlar. Köpelýän döwründe toparyň bimaza edilmegi, olaryň jüýjeleriniň köpçülikleýin gyrylmagyna getirmegi mümkin. Jüýjeleri 2-3 hepdeden soň uçurym bolýarlar. Maşgala özünde 43 görnüşi jemleýär, olaryň 8-si Türkmenistanda.

но. Вне гнездовое время держатся на берегах и косах внутренних водоемов и морей. Тело вытянутое, тонкое, крылья и клюв длинные и острые. Ноги маленькие с перепонками на лапах, хвост обычно вильчатый, глубоко вырезанный. Полет маневренный, легкий, быстрый с редкими, но сильными взмахами крыльев. Могут зависать на одном месте, высматривая добычу. Типичный прием охоты – пикирование с небольшой высоты в воду. Питаются, в основном, мелкой рыбой и ракообразными, иногда насекомыми. В брачный период очень шумливы и крикливы. Гнездятся колониями, часто большими и плотными. Гнезда многие крачки не строят, хотя гнездятся не только на земле, но и на кустах и деревьях. Некоторые виды делают гнезда из растений на воде. Беспокойство колоний в период размножения может привести к массовой гибели птенцов. Подъем на крыло в возрасте 2-3 недель. Семейство включает 43 вида, из которых 8 – в Туркменистане.

## 179. Garaçünk çerik – *Sterna nilotica* – Чайконосая крачка

Meýdan alamatlary: orta ölçegli çerik, arkasynyň we ganatlarynyň ýelekleri agymtyl-külreňk-çal bolup, gyralary inli gaýmaly. Ganatlary gögümtil-agymtyl-çal bolup görünýär. Edil şonuň ýaly, reňkli **guýrugy gowşak ýabaly. Bedeniniň aşagy ak**, çalymtyl ýokundyly. **Kellesiniň üstki bölegi we ýeňsesi ýaldyrawuk-gara.** Gyşky ýelek örtüginde **kellesi açykçal, gözüniň yzy garamtyl bellikli.** Ýaş guşlaryň kellesiniň üstki bölegi ýagty çyparrak ýokundyly, boýnunyň gapdallary sarymtyl tegmilli. Gözleri gara, çüňki we aýaklary garamtyl. Sesi – mylaýym, şowhunsyz - "kewek-kewek". Uzynlygy – 40, ganaty – 30, ganatlarynyň gerimi – 80, guýrugy – 13 sm, agramy – 200 g golaý.

Полевые признаки: средних размеров крачка, перья спины и крыльев светло-пепельно-серые с широкими каемками по краям. Крылья выглядят голубовато-светло-серыми. **Хвост слегка вильчатый** такого же цвета. **Низ тела белый** с серым налетом. **Верхняя часть головы и затылок блестяще-черные**. В зимнем оперении **голова светло-серая, а за глазом темная отметина**. У молодых верхняя часть головы светлая с рыжеватым налетом, по бокам шеи желтоватые пятна. Глаза карие, клюв и лапки черные. Голос – мягкое, не трескучее «кевэк-кевэк». Длина – 40, крыло – 30, размах крыльев – 80, хвост – 13 см, вес – около 200 г.



Meňzeşlikleri-tapawutlary: keltelen çüňküniň has egmekdigi bilen derýa we alaburun çeriklerden tapawutlanýar. Aýaklary inçe we uzyn, barmaklary gysga we arasyndaky ýüzgüç perdesi çuň oýuk. Guýrugy gysga, ýalpak oýukly.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän çäkleri – Günorta Ýewropa, Kiçi, Orta Aziýa, Merkezi Aziýanyň käbir ýerleri we Merkezi Amerika. Türkmenistanda Hazar deňziniň gündogarynda we Sarygamyşda höwürtgeleýär. Günorta we Günorta - Gündogar Aziýada, Awstraliýada, Merkezi Afrikada we Günorta Amerikada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup gelýän-höwürtgeleýän guş. Ýazky migrasiýasy aprel-maýda, güýzkisi – awgust-sentýabrda. Balykgulakly, çägeli ösümliksiz adalarda höwürtgeleýär. Aralary açyk, seýregräk topar, emma derýa çeriginden has gür, bolup höwürtgeleýär. Höwürtgeleýän ýerlerine uçup geleninden, jübütleşip ýumurtga goýýan wagtyna çenli, bir aý geçýar (maýyň 1-nji ongünligi). 3 sany çägereňkden, çalymtyl - ýaşyldan goňurrak-mele reňke çenli ýumurtgalary goýýar, käte gögümtyl reňklileri hem duşýar. Dirli öwüşgindäki menekleri olary töweregine çalymdaş edýär (goraýjy reňk), ölçegleri - 47 x 34 mm. Iýunyň birinji ongünliginde jüýjeleri çykýar. Jüýjeleriniň reňkleriniň bir maşgalada dürli-dürli bolmaklary mümkin. Uly guşlar ymurtgadan iň soňky

Сходства – отличия: от речной и пестроносой крачек отличается более согнутым укороченным клювом. Ноги относительно тонкие и высокие с короткими пальцами и сильно вырезанными перепонками между ними. Хвост короче, с небольшой выемкой.

Распространение: область гнездования – Южная Европа, Малая, Средняя, местами Центральная Азия и Центральная Америка. В Туркменистане гнездится на восточном Каспии и Сарыкамыше. Зимует в Южной и Юго-Восточной Азии, Австралии, Центральной Африке и Южной Америке.

Образ жизни: прилетная, гнездящаяся птица. Весенняя миграция – в апреле-мае, осенняя – в августе-сентябре. Гнездится на песчано-ракушечниковых островах со скудной растительностью. Образует небольшие колонии разреженного типа, но более плотные, чем речная крачка. Между прилетом на места гнездования и началом яйцекладки (1 декада мая) проходит около месяца. В кладке, обычно, 3 яйца от песочного серо-зеленого до коричнево-бурого цвета, иногда встречаются голубоватые яйца. Покровительственность окраски за счет разнообразных пестрин. Размеры яиц – 47 х 34 мм. Вылупление – в первой декаде июня. Птенцы внутри одного выводка часто

jüýjesi çykandan iki gün geçenden soň, olary yzyna tirkäp alyp gidýär, emma, alaburun çerikler ýaly “bakja” döredmeýärler we derýa çerikleri bilen deňeşdireniňde, olarda jüýjelerini bir ýere toplamak endigi ýüze çykýar. Esasy iýmiti – maýda balyklar we mörmöjekler.

Statusy: sany üýtgeýän köp sanly bolmaýan görnüş. Guşlaryň höwürtgeleýän toparynyň aýratyn goraga alynmagy zerur.

отличаются расцветкой. Родители уводят птенцов из гнезда на второй день после вылупления последнего птенца. «Ясли», как у пестроносой крачки, не образуются, но по сравнению с речной крачкой имеется тенденция к объединению птенцов. Основной корм – мелкая рыба и насекомые.

Статус: немногочисленный вид с нестабильной численностью. Колонии нуждаются в особой охране.

### 180. Alaburun çerik – *Sterna sandvicensis* – Пестроносая крачка

Meýdan alamatlary: derýa çeriginden sähelçe ulurak, emma sakaw çarlakdan kiçi. Göwresi süýnmek, bedeniniň ýokarky bölegi kümüşleççal, boýny, bili we garny – tekiz ak. Ganatlarynyň uçlary külreňk-çal, guýrugy çalymtyl-ak. Kellesiniň üsti mahmalpisint - gara, **ýeňsesiniň ýelekleri uzalyp, hüpük emele getirýär.** Ganatlary örän uzyn, guýrugy ýabaly. Güýz-gyş döwründe depesi gara, ýelekleriň gyrasyn-da aýlanan ýagty gaýmanyň aýlanan bolmagy, onuň kellesini ala edip görkezýär. Ýaş guşlaryň arkasy garamtylrak we çypar menekli, kellesiniň reňki uly guşlaryň gyşky ýelek örtügine meňzeş. Çüňki uzyn, berk, biraz aşaklygyna egmekli. **Çüňküniň reňki garşylykly: gara, ujy sary.** Gözleri goýy goňur. Aýaklary gara, barmaklaryndaky perdesi kiçi, çuň oýuk. Sesi örän ýiti, aýratyn-da, höwürtgeleýän döwründe. Uzynlygy ortaça – 43, ganaty – 31, ganatlarynyň gerimi – 94, guýrugy – 17, çüňki – 5.5 sm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: hüpüginiň bardygy we gara çüňküniň ujynyň sarydygy bilen beýleki çeriklerden (sakaw çarlakdan başga) tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: endigan däl-Merkezi Amerikanyň, Günbatar we Günorta Ýewropa kenarýakalary. Orta Aziýada we Türkmenistanda Hazar deňziniň diňe gündogar kenarýakasynda. Ortaýer we Gara deňzleriniň kenarýakalarynda, Atlantik ummanyň günorta böleginde, Pars aýlagynda we Hindistanyň günortasynda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän guş. Ýazky migrasiýasy mart-aprelde, güýzkisi – awgust-sentýabrda. Örän gür toapr bolup, burunlaryň balykgulakly-çägelik we çäge tümmekli ýerlerinde höwürtgeleýärler. Höwürtgeleýän ýerlerine uçup geleninden (martyň ortasynda) we birinji höwürtgäni gurýançalar (apreliň soňy), adatça, bir aý geçýär. Höwürtgesi – ýalpak, aşagy düşeksiz, çukurjyk. Höwürtgäniň gyralary guşlaryň tezeginiň hasabyna gatap, erňek döreýär. 2 sany melemtil-sarydan ak reňke çenli, käte öçügsi-gök we goňur reňkdäki ýumurtgalary goýýar. Dürli reňkdäki menekleriň toplumy ýumurtgalary töweregine çalymdaş edýär (goraýjy reňk). Ýumurtgalary derýa çerigiňkiden biraz ulurak. Iýun aýynyň birinji ongünliginde jüýjeleri çykýar. Keseki jüýjelere gaharly daraýar. Ýumurtgadan jüýjeleriň hemmesi çykandan soňra, olary yzyna tirkäp kenarýaka äkidýär we “bakja” toplaýar. Esasy iýmiti maýda balyklar.

Statusy: umuman, az sanly. Hazar döwlet goraghanasynyň guşlarynyň iň täsin wekilleriniň biri, olaryň höwürtgeleýän toparlaryny aýratyn goraga almak zerur.

Полевые признаки: немного крупнее речной крачки, но меньше чегравы. Туловище удлиненное, верхняя часть тела серебристо-серая, шея, поясница и брюшко – атласно белые. Концы крыльев пепельно-серые, хвост серовато-белый. Голова сверху бархатисто-черная, **перья затылка удлинены и образуют хохол**. Крылья очень длинные, хвост вильчатый. В осенне-зимнее время черные перья темени со светлыми оторочками, поэтому голова кажется пестрой. Молодые птицы с черноватыми и рыжими пестринами на спине, окраска головы схожа со взрослыми в зимнем оперении. Клюв довольно длинный, крепкий, несколько загнутый книзу. **Окраска клюва контрастная – черная с желтым концом**. Глаза темно-карие. Ноги черные, маленькие с сильно вырезанными перепонками лап. Голос пронзительный, особенно в гнездовой период. Длина, в среднем – 43, крыло – 31, размах крыльев – 94, хвост – 17, клюв – 5.5 см.

Сходства – различия: от других крачек (кроме чегравы) отличается наличием хохла и черным клювом с желтым концом.

Распространение: неравномерное – побережья Центральной Америки, Западной и Южной Европы. В Средней Азии и Туркменистане – только на восточном побережье Каспийского моря. Зимуют по побережьям Средиземного и Черного морей, на юге Каспия, южной части Атлантики, в Персидском заливе и юге Индии.

Образ жизни: пролетная, гнездящаяся птица. Весенняя миграция – в марте-апреле, осенняя – в августе-сентябре. **Гнездится очень плотными колониями** на песчано-ракушечных косах и песчаных дюнах. С момента прилета на места гнездования (в середине марта) и до образования первых гнезд (конец апреля) обычно проходит больше месяца. Гнезда – небольшие углубления, преимущественно, без подстилки. За счет помета по краю гнезда образуется твердая корка. В полной кладке обычно 2 яйца, от сливочного до белого цвета, иногда встречаются бледно-голубые и коричневые. Разнообразные пестрины усиливают покровительственную окраску. Яйца несколько крупнее, чем у речной крачки. Вылупление птенцов – в первой декаде июня. Очень агрессивна по отношению к чужим птенцам. После вылупления птенцов родители уводят их из гнезда в прибрежную часть, где образуются «ясли». Основной корм – мелкая рыба.

Статус: в целом малочисленна. Одна из наиболее интересных птиц Хазарского заповедника, гнездовые колонии которой нуждаются в особой охране.

## 181. Sakaw çarlak – *Sterna caspia* – Чеграва

Meýdan alamatlary: çerikleriň arasynda iň ulusy (gargadan ulurak). Göwresi dykyz, bedeniniň aşaky, boýnunyň gapdallary we arkasynyň öňki bölegi ýalpyldawuk-ak reňkli, eginleri çalymtyl-gögümtil. Ganatlary uzyn gylyçşekilli, **guýrugy ýalpak oýuk.** Ganatlarynyň uçlary garamtyl, guýrugy, arka ýeleklerine garanyňda ýagtyrak. **Kellesiniň üsti metal ýalpyldyly gara, ýeňsesindäki uzalan ýelekleri hüpügi emele getirýärler.** Kellesiniň gyşky bezeginde gara-ak gatyşykly ala ýelekleri bolýar, ýaşlarynyň - arkasy kese goňur tegmilli. **Aýaklary gara**, başgalara garanyňda gysga, barmaklarynyň perdesi gowşak oýuk. **Çüňki daýaw kellesinden uzyn, merjenreňk-gyzyl.** Gözleri goňur. Sesi – "ra-ra-ra-ra" ýa-da "rak-rak-rak". Uzynlygy – 52, ganaty – 42, ganatlarynyň gerimi – 130, guýrugy – 15 sm, agramy - 500-700 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: ölçegleriniň uludygy, **uly gyzyl çüňklidigi** we guýrugynyň oýukdygy bilen beýleki çeriklerden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealy endigan däl we arasy bölünen, höwürtgeleýän ýerleri Demirgazyk we Günorta-Gündogar Ýewropa, Orta, Merkezi we Gündogar Aziýa, Awstraliýa, Täze Zelandiýa, Demirgazyk Amerika, Gündogar Afrika, Hindistanyň günortasy. Orta Aziýanyň içki suw ýataklary. Türkmenistanda wagtal - wagtal Gündogar Hazaryň adalarynda we Sarygamyş kölünde. Ortaýer deňzinde, Günbatar Afrikanyň, Günorta we Günorta - Gündogar Aziýanyň, Awstraliýanyň we Merkezi Amerikanyň kenarýakalarynda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän guş. Ýazyna martyň ortasyndan-aprelde, güýzine – sentýabrda uçup geçýär. Adalarda, burunlaryň çägeli ýa-da daşlyja ýerlerinde, seýregräk onlarça jübütden topar bolup höwürtgeleýärler. Guşlar kürk bolup oturanda we jüýjeleýän wagtlary keseki guşlara gaharjaň topulýarlar. Höwürtgesi çägede, aşagy düşeksiz, ýalpajyk çukurjyk. Maý aýynyň ikinji ýarymynda 2, seýrek 3 sany, öý ördegiňkä çalymdaş ýumurtgalary goýýar, ölçegleri 66 x 45 mm. Olaryň daşky gabygy ýylmanak, emma ýaldyrawuk däl. Reňki kirliräk-sarydan külreňk-çal ýa-da garamtyl-çal menekli goňur reňke çenli. Iýunyň ortasynda jüýjeleri çykýar. Aglaba, maýda balyklar, şeýle-de suw oňurgasyzlary bilen iýmitlenýär.

Statusy: seýrek, bizde gowşak öwrenilen görnuş. Gaplaňgyr döwlet goraghanasynyň, Sarygamyş çäkli goraghanasynyň guşlarynyň iň täsin wekilleriniň biri.

Полевые признаки: самая крупная из крачек (крупнее вороны). Туловище плотное, нижняя часть тела, бока шеи и передняя часть спины блестяще-белого цвета, плечи серовато-голубые. Крылья длинные саблевидные, **хвост с небольшой выемкой**. Концы крыльев темнее, а хвоста светлее оперения верхней части спины. **Верх головы черный с металлическим блеском, на затылке удлиненные перья образуют подобие хохолка**. В зимнем наряде голова имеет пестрое черно-белое оперение, у молодых птиц на спине поперечно-бурые пятна. **Ноги черные**, относительно короткие со слабо вырезанными перепонками лап. **Клюв массивный, длиннее головы, кораллово-красного цвета**. Глаза карие. Голос – «ра-ра-ра-ра», или «рак-рак-рак». Длина – 52, крыло – 42, размах крыльев – 130, хвост – 15 см, вес – 500-700 г.

Сходства – различия: от других крачек отличается крупными размерами, **большим красным клювом** и выемчатым хвостом.

Распространение: ареал спорадичен и разорван, на гнездовье – в Северной и Юго-Восточной Европе, Средней и Центральной и Восточной Азии, Австралии и Новой Зеландии, Северной Америке, Восточной Африке, на юге Индии. В Средней Азии гнездится на внутренних водоемах, в Туркменистане спорадично на островах Восточного Каспия и Сарыкамыше. Зимуют в Средиземноморье, на побережьях Западной Африки, Южной и Юго-Восточной Азии, Австралии и Центральной Америки.

Образ жизни: пролетная, гнездящаяся птица. Весенний пролет – в середине марта и апреле, осенний – в сентябре. Гнездится на песчаных или галечных косах, по островам, нередко колониями до нескольких десятков пар. В период насиживания и вылупления птенцов весьма агрессивны. Гнезда – небольшие углубления в песке, обычно без подстилки. Яйцекладка во второй половине мая. Кладка из 2, реже 3 яиц. По величине и форме они похожи на яйца домашних уток, размер – 66 х 45 мм. Скорлупа гладкая, но без глянца. Окрас – от грязно-желтого до буроватого с пепельно-серыми или черновато-серыми пестринами. Птенцы – в середине июня. Питаются, преимущественно, мелкой рыбой, а также водными беспозвоночными.

Статус: редкий, слабо изученный у нас вид, один из наиболее интересных представителей птиц Сарыкамышского заказника Капланкырского заповедника.

## 182. Derýa çerigi – *Sterna hirundo* – Речная крачка

Meýdan alamatlary: orta ölçegli (kepderi ululykda), ganatlary örän uzyn we insiz. Oturan guşuň ýygnalan ganatlarynyň ujy guýrugynyň ujyna çenli ýetýär. **Guýrugy, çuň oýuk, ýabaly.** Arkasyna garanyňda pelpeleýiş ýelekleri garamtyl, guýrugynyň üsti we guýrugy ak (ýöne guýruk ýelekleriniň çetki gapdal gyralary çal). Üstki tarapynyň ýelek örtügi jübütleşme bezeginde gögümtil külreňk, aşaky tarapy ak, bedeniniň gapdallary çalymtyl öwüşginli. **Kellesi**

Полевые признаки: размеры средние (величиной с голубя), крылья очень длинные и узкие. У сидящей птицы концы сложенных крыльев достигают конца хвоста. **Хвост – с глубокой выемкой – вильчатый**. Маховые перья темнее спины, надхвостье и хвост белые (но края боковых крайних перьев хвоста серые). В брачном наряде оперение верхней стороны голубовато-пепельное, нижней – белое с сероватым оттенком на боках тела.

**gara "telpejikli". Gyşky lybasynda maňlaýy ak**, arkasy we ganatlary çal. Aýaklary gyzyl ýa-da gyzylymtyl-goňur, **merjenreňk-gyzyl çüňküniň ujy gara.** Gözleri goýy-goňur. Ýaş guşlar gyşky ýelek örtüginde ulularyna çalymdaş, ýöne bedeniniň üstki tarapy goňurrak kese tegmilli. Çüňki garamtyl-goňur. Uçuşy ýeňil we köp dürli. Sesi ýiti, aýratyn-da, howsala düşeninde batly – "kirrýaýa". Uzynlygy ortaça – 40, ganaty – 27, ganatlarynyň gerimi – 82 sm, agramy – 105-129 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: ölçegleriniň has uludygy we aýaklarynyň, çüňküniň reňkleri - kiçi çerikden; ýelek örtüginiň has açyk reňklidigi bilen akýaňak çerikden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: giň, höwürtgeleýän ýerleri-Ýewropa, Aziýanyň demirgazyk bölegi, demirgazyk çäklerinden başgalaryn-da, Demirgazyk Amerikanyň merkezi. Orta Aziýada (beýik daglardan başgalarynda) we Türkmenistanda-dürli suw ýataklarda saklanýar. Afrikanyň, Arabystanyň, Hindistanyň, Günorta-Gündogar Aziýanyň, Awstraliýanyň we Günorta Amerikanyň kenarýakalarynda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän guş. Ýazky migrasiýasy aprel-maýda, güýzkisi – awgust-sentýabrda. Çägeli adalarda we burunlarda, dürli suw ýataklarda gezýär. Seýregräk toplum bolup ýaşaýar. Uçup gelip, höwürtgeläp, ýumurtgalamaga girişen günlerine çenli (maýyň ilkinji günleri) bir aýa golaý wagt geçýär. Gür ösümlikli, gamyş sypallarynyň üýşen yzgarly ýerlerinde mekan tutýar. 3 sany ýumurtga goýýar. Olaryň reňki ala, bu görnüş bir höwürtgede hem dürli bolmagy mümkin: çägereňk, çalymtyl-ýaşylymtyl-çyparrak, çalymtyl-ýaşylymtyl-goňur we goýy-çalymtyl-ýaşyl, mawutyl görnüşlileri hem käte duşýar, ölçegleri - 40 x 31 mm. Maýyň soňunda-iýunyň başynda jüýjeleri çykýar. Jüýjeleri ýumurtgadan çykanlaryndan soň, olary uly guşlar höwürtgeden äkidýär, emma "bakja" döretmeýär. Iýmitiniň esasyny maýda balyklar düzýär.

Statusy: adaty, emma sany durnukly däl, başgalara garanyňda, oňat öwrenilen guş. Guslaryň höwürtgeleýän toparlary aýratyn goraga mätäç.

**На голове черная «шапочка». В зимнем наряде лоб белый**, спина и крылья серые. Лапки красные или красно-бурые, **клюв кораллово-красный с черным кончиком**. Глаза темно-карие. Молодые птицы похожи на взрослых в зимнем наряде, но на верхней части тела заметны буроватые поперечные пятна. Клюв черновато-бурый. Полет легкий и разнообразный. Голос пронзительный, особенно во время тревоги – громкое «кирряя». Длина, в среднем – 40, крыло – 27, размах крыльев – 82 см, вес – 105-129 г.

Сходства – отличия: от малой крачки отличается более крупными размерами и окраской лап и клюва, от белощекой крачки – более светлым оперением.

Распространение: широкое, область гнездования – Европа, северная половина Азии, кроме северных областей, центральные области Северной Америки. В Средней Азии (за исключением высокогорий) и Туркменистане придерживаются различных водоемов. Зимуют по побережьям Африки, Аравии, Индостана, Юго-Восточной Азии, Австралии и Южной Америки.

Образ жизни: пролетная, гнездящаяся птица. Весенняя миграция – в апреле-мае, осенняя – в августе-сентябре. Предпочитает песчаные острова и косы различных водоемов. Образует колонии разреженного типа. С момента прилета на места гнездования до начала яйцекладки (первые числа мая) проходит около месяца. Наиболее охотно селится на сыром грунте среди густой растительности и на сплавинах из тростника. Полная кладка – 3 яйца. Цвет основного фона яиц и пестрины значительно варьируют, иногда даже внутри одной кладки. Основные оттенки фона – песочный, серо-зелено-песочный, серо-зелено-коричневый и темно серо-зеленый, иногда бывают голубоватые яйца, размеры – 40 х 31 мм. Птенцы – в конце мая-начале июня. После вылупления птенцов родители уводят их из гнезда, но «ясли» не образуются. Основу корма составляет мелкая рыба.

Статус: обычна, но численность не стабильна, относительно хорошо изученный вид. Гнездовые колонии нуждаются в особой охране.

## 183. Kiçi çerik – *Sterna albifrons* – Малая крачка

Meýdan alamatlary: sar ululykda, çerikleriň arasynda iň kiçisi. **Maňlaýy ak**, kellesiniň üstki tarapy we ýeňsesi gara. Bedeniniň üsti açyk-çal, aşagy ak. Depesiniň öň tarapy gyş lybasynda çalymtyl menekli, ýeňsesi gara. Ýaş guşlaryň garyn tarapy ak, arkasy garamtyl tegmilli ala we ýelekleriniň gyralary çypar reňkli. **Çüňki gara uçly mumly sary reňkli, aýaklary sarymtyl - mämişi.** Gözleri gara. Sesi beýleki çeriklere garanyňda beter pert däl - "krek" ýa-da "kreik" häsiýetli. Uzynlygy – 22, ganaty – 18, ganatlarynyň gerimi – 50, guýrugy – 8 sm, agramy – 40-50 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: ölçegleriniň kiçidigi we başgalara garanyňda, ýogyn we gysga sary çüňki bilen beýleki çeriklerden tapawutlanýar. Derýa çerigine çalymdaş, emma maňlaýy, bedeniniň aşaky tarapy we guýrugy ak.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürt-

Полевые признаки: самая мелкая из всех крачек, величиной со скворца. **Лоб белый**, а верхняя часть головы и затылок черные. Верх тела светло-серый, низ белый. В зимнем наряде передняя часть темени с серыми пестринами, затылок черный. Молодые птицы на брюшной стороне белые, на спинной – пестрые с темными пятнами и рыжими краями перьев. **Клюв воскового желтого цвета с черным кончиком, ноги желто-оранжевые**. Глаза карие. Голос менее резок, чем у других крачек типа «крэк» или «крэик». Длина – 22, крыло – 18, размах крыльев – 50, хвост – 8 см, вес – 40-50 г.

Сходства – отличия: от других крачек отличается мелкими размерами и относительно толстым и коротким желтым клювом. Похожа на речную крачку, но лоб, нижняя часть тела и хвост белые.

geleýän bölegi – Ýewropanyň, demirgazyk taraplaryndan başgalarynda, Gazagystan, Kiçi, Orta, Gündogar we Günorta-Gündogar Aziýa, Awstraliýa. Türkmenistanda-Hazar deňziniň gündogar kenarynda we Sarygamyşda höwürtgeleýär, uçup geçende giňişleýin gabat gelýär. Afrikanyň, Arabystanyň, Hindistanyň, Günorta-Gündogar Aziýanyň, Awstraliýanyň kenarýakalarynda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän guş. Ýazky migrasiýasy apreliň aýagynda-maýda, güýzkisi – awgust-sentýabrda. Seýrek ösümlikli dürli suw ýataklaryň açyk kenarlaryny halaýar. Höwürtgeleýän ýerine uçup geleninden (apreliň ortasy) ilkinji höwürtgeleri guryançalar bir aý töweregi (maýyň soňy) wagt geçýär. Köpsanly bolmagyk toparlarda, birnäçe jübütden onlarça jübüte çenli topar bolup höwürtgeleýär. Höwürtgesi ýerde, köplenç düýbi düşeksiz ýalpak çukurjyk. 3, kähalatda 2 sany açyk-külreňk ýa-da göýy-goňur menekli, öçügsi kirliräksarymtyl reňkli ýumurtgalary goýýar, ölçegleri 32 x 23 mm. Iýunyň ortasynda jýjeleri çykýar. Uly guşlar jüýjelerini ýumurtgadan doly çykanlaryndan soň, olary höwürtgeden äkidýärler, emma "bakja" döretmeýärler. Esasy iýmiti -maýda balyklar, az mukdarda suw oňurgasyzlary.

Statusy: az sanly, gowşak öwrenilen görnüş. Guşlaryň höwürtgeleýän toparlarynyň aýratyn goraga alynmagy zerur.

Распространение: гнездовая часть ареала – Европа, кроме северных областей, Казахстан, Малая, Передняя, Средняя, Восточная и Юго-Восточная Азия, Австралия. В Туркменистане – гнездятся на восточном побережье Каспия и Сарыкамыше, на пролете встречаются шире. Зимуют по побережьям Африки, Аравии, Индостана, Юго-Восточной Азии и Австралии.

Образ жизни: пролетная, гнездящаяся птица. Весенняя миграция – в конце апреля–мае, осенняя – в августе-сентябре. Предпочитают открытые берега различных водоемов с разреженной растительностью. Со времени прилета на места гнездования (середина апреля) до начала яйцекладки (конец мая) проходит больше месяца. Образуют немногочисленные – до нескольких десятков пар колонии разреженного типа. Гнезда – небольшие углубления, в основном, без подстилки. В полной кладке 3, реже 2 яйца матового грязно-желтоватого цвета со светло-пепельными или темно-бурыми пестринами. Размер яиц – 32 x 23 мм. Птенцы – в середине июня. После вылупления птенцов родители уводят их из гнезда, но «яслей» не образуют. Основной корм – мелкая рыба, в меньшей степени водные беспозвоночные.

Статус: малочисленный, слабо изученный вид. Гнездовые колонии нуждаются в особой охране.

### 184. Akýaňak çerik – *Chlidonias hybrida* – Белощекая крачка

Meýdan alamatlary: gara we akganat çeriklerden ölçegleri uly, olar bilen deňeşdireniňde, **ganatlary we aýaklary uzyn.** Guýrugy

Полевые признаки: размером больше черной и белокрылой крачек, по сравнению с ними **крылья и ноги длиннее**. Хвост с неболь-



ýalpak oýuk. **Höwürtgeleýän döwründe bedeniniň aşagy goýy-çal, kellesiniň gara we ýaňaklarynyň ak reňkleriniň garşylykly tapawudy anyk görünýär.** Pelpelleýiş ýelekleri garamtyl uçly gogümtil-çal reňkli. **Güýz-gyş wagty gara reňk ýeňsesinde** dik çyzyk görnüşde saklanýar. Çüňki açyk gyzyl, aýaklary goňurrak-gyzyl, gözleri gara. Sesi gödek we gagyldyly. Uzynlygy – 28, ganaty – 24, ganatlarynyň gerimi – 72, guýrugy – 8 sm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: gara çerikden gyzyl çüňki, has açyk reňki, ak "ýaňaklary" bilen tapawutlanýar. Aýaklarynyň ýüzgüç perdesi beýleki çeriklere garanyňda insiz.

Ýaýran ýerleri: arealy bölek-bölek we durnukly däl. Günorta we Gündogar Ýewropada, Günorta Gazagystanda, Kiçi, Orta, Gündogar we Günorta Aziýada, Awstraliýada, Günorta-Gündogar we Günorta Afrikada höwürtgeleýär. Orta Aziýada we Türkmenistanda uçup geçende uly derýalaryň jülgelerinde, Hazaryň gündogar kenarýakasynda. Afrikanyň günorta böleginde, Günorta-Gündogar Aziýada we Awstraliýada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän guş. Ýazyna apreliň ortasynda, güýzüne – awgustyň soňunda we sentýabrda üçup geçýär. Dürli suw ýataklarda, aglaba suýji suwlylarynda saklanýar. Batgalyklarda we jeňňelli köllerde topar, käte aýratyn jübüt bolup höwürtgeleýär. Höwürtgesini gyrmança batan tümmeklerde we ýüzýän ösümlik dykynlarynda guryar. Maýyň birinji ongünliginde 3 sany garamtyl menekli ýaşylymtyl ýa-da mawymtyl

шой вырезкой. **В гнездовое время низ тела темно-серый, заметен контраст между черной головой и белыми щеками**. Маховые голубовато-пепельного цвета, темнее на концах. **В осенне-зимнее время черный цвет остается на затылке** в виде продольных штрихов. Клюв малиново-красный, ноги коричневато-красные, глаза карие. Голос достаточно грубый и напоминает карканье. Длина – 28, крыло – 24, размах крыльев – 72, хвост – 8 см.

Сходства – отличия: от черной крачки отличается красным клювом, более светлой окраской, белыми «щеками». Перепонка на лапах заметно уже, чем у других крачек.

Распространение: ареал разбросан и нестабилен. Гнездится в Южной и Восточной Европе, Южном Казахстане, в Малой, Средней, Восточной и Южной Азии, Австралии, Юго-Восточной и Южной Африке. В Средней Азии и Туркменистане на пролете по долинам рек и восточному побережью Каспия. Зимуют в южной половине Африки, в Юго-Восточной Азии и Австралии.

Образ жизни: пролетная, гнездящаяся птица. Весенний пролет – с середины апреля, осенний – с конца августа и в сентябре. Обитатель различных водоемов, предпочитает пресные. Гнездится колониями, иногда отдельными парами на болотах и заросших озерах. Гнездо – на кочках или плавающих растениях. Яйца – в первой декаде мая. Кладка из 3 зеленоватых или голубоватых яиц с черными пестринами (заметно отличается от яиц черной крачки). Птенцы – в июле. Питается мальками рыб, водными

(gara çerigiň ýumurtgasyndan anyk tapawutlanýar) ýumurtgalary goýýar. Iýulda jüýjeleýär. Çaga balyklar, suw orgasyzlary we mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: köp sanly däl, käbir ýerlerde adaty görnüş.

беспозвоночными и насекомыми.

Статус: немногочисленный, местами обычный вид.

## 185. Gara çerik – *Chlidonias niger* – Черная крачка

Meýdan alamatlary: kiçi çerikden sähelçe ulurak. Ganatlary beýleki çarlaklar bilen deňeşdireniňde göwresinden has uzyn. **Jübütleşýän döwründe bedeniniň reňki garamtyl-çal, guýrugynyň aşagy–ak. Gyşky ýelek örtüginde diňe depesi we ýeňsesi gara**, maňlaýy we bedeniniň aşaky tarapy – ak, petekesiniň gapdallary garamtyl tegmilli, ganatynyň aşagy agymtyl-çal. Ýaş guşlaryň üstki ýelekleri çypar gaýmaly. Gözleri goňur, çüňki çalymtyl-gara, düýbi gyzyl, aýaklary gyzylymtyl-goňur. Sesi pessaý "kek…kek…kek". Uzynlygy – 26, ganaty – 22, ganatlarynyň gerimi – 62, guýrugy – 8 sm, agramy - 50-70 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: ölçegleriniň kiçidigi we kellesiniň garadygy (gyşky ýelek örtüginde petekesiniň gapdallary garamtyl tegmilli) akýaňak çerikden; ganatlarynyň üstüniň garamtyldygy, aşaky tarapynyň agymtyldygy we guýrugynyň garadygy bilen akganat çerikden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän ýerleri – Ýewropa, demirgazyk böleginden başgalarynda, Günorta Sibir, Gazagystan. Orta Aziýada we Türkmenistanda - uly derýalaryň jülgelerinde, Hazaryň gündogar kenarýakasynda. Merkezi Amerikanyň we Afrikanyň günbatar we günorta kenarýakalarynda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän, höwürtgeleýän guş. Ýazyna aprel-maýda, güýzine–sentýabrda uçup geçýär. Suw basan ýerleriň ortasynda, gyrmançа üýşmeklerde, ýüzýän gamyş dykynlarynda ýa-da ýalpak ýerlerde ösen otluklarda höwürtgeleýär. Höwürtgesi kiçiräk çukurjyk, onuň içine ösümlik sypallaryny toplaýar, 3, seýrek 2 ýa-da 4 sany garamtyl-goňur menekli, öçügsi-melemtilden çyparrak-ak reňke çenli dürli görnüşdäki ýumurtgalary goý-ýar, ölçegleri 34 x 25 mm. Jüýjeleri ýumurtgadan çykandan soň ep-esli wagt (2 hepdä çenli) höwürtgede saklanýar. Iýmiti mör-möjekler we beýleki oňurgasyzlar, käte balyklar.

Statusy: seýrek, uçup geçende käbir ýerlerde adaty görnüş, bizde heniz öwrenilmedik diýen ýaly.

Полевые признаки: немного крупнее малой крачки. Крылья относительно туловища более длинные, чем у других крачек. **В брачный период окраска тела черно-серая, подхвостье – белое. В зимнем оперении только темя и затылок черные**, лоб и нижняя часть тела – белые, по бокам зоба темные пятна, испод крыла бледно-серый. У молодых перья верха имеют рыжие каемки. Глаза карие, клюв серовато-черный, у основания красный, ноги красно-бурые. Голос – негромкое «кек… кек…кек». Длина – 26, крыло – 22, размах крыльев – 62, хвост – 8 см, вес – 50-70 г.

Сходства – отличия: от белощекой крачки отличается меньшими размерами, черной головой (в зимнем наряде темными пятнами по бокам зоба), от белокрылой крачки – темным верхом крыльев, светлым низом и черным хвостом.

Распространение: область гнездования – Европа, за исключением северных частей, Южная Сибирь, Казахстан. В Средней Азии и Туркменистане по долинам рек и восточному побережью Каспия. Зимуют на побережьях – Центральной Америки и западном и южном Африки.

Образ жизни: пролетная, видимо, гнездящаяся птица. Весенний пролет в апреле-мае, осенний – в сентябре. Гнездятся обычно посреди топких мест, на илистых отмелях, на плавучих островках из травы, тростника или осоки. Для гнезда используется много растительного материала, наверху - небольшое углубление. Кладка из 3, реже 2 или 4 яиц с тонкой матовой скорлупой от бледно-масляного до рыжевато-белого цвета с черновато-бурыми пестринами различной формы. Размеры яиц – 34 х 25 мм. Вылупившиеся птенцы подолгу (иногда до 2 недель) остаются в гнезде. Питание – насекомые и другие беспозвоночные, иногда мелкая рыба.

Статус: редкая, на пролете местами обычная птица, почти не изученный у нас вид.

## 186. Akganat çerik – *Chlidonias leucopterus* – Белокрылая крачка

Meýdan alamatlary: gara çerik ölçegli. Jübütleşýän döwründe ganatlarynyň üsti külreňk-çal, ganatlarynyň aşagy garşylykly, çal (ganatynyň yzky bölegi) we gara, olar bedeniniň edil şonuň ýaly reňki bilen goşuluşýar. **Guýrugy** (ýalpak oýuk) **we guýrugynyň üsti ak.** Kellesi, garny, arkasy mahmalpisint-gara (mäkiýanyň arkasy çalymtyl-gara). **Uçup barýarka ganatlarynyň aşagynyň iki reňklidigi anyk görünýär.** Güýz döwründe maňlaýy ak, depesi we ýeňsesi – agymtyl gaýmaly goýy çal, boýny we garny ak, arkasy we guýrugy çal. Gözüniň yzy gara tegmilli. **Çüňki gara uçly, goýy-gyzyl,** aýaklary gülgüne-gy-

Полевые признаки: размером с черную крачку. В брачный период крылья сверху пепельно-серые, испод крыла – контрастный – серый (на задней половине крыла) и черный, который сливается с туловищем такого же цвета. **Хвост** (с небольшой вырезкой) **и надхвостье белые**. Голова, брюхо, спина бархатисто-черные (у самки спина серовато-черная). **В полете бросается в глаза двухцветный окрас крыла снизу**. В осеннее время лоб белый, темя и затылок – темно-серые с беловатыми каемками, шея и брюхо белые, спина и хвост серые. За глазом – черное пятно. **Клюв темно-красный, на конце**




**Çerikleriň uçup barýarka görnüşi**: 1 – gara çerik; 2 – akganat çerik; 3 – akýaňak çerik; 4 – kiçi çerik.

**Крачки в полете**: 1 - черная; 2 - белокрылая; 3 - белощекая; 4 - малая.



zyl. Sesi käwagt kiçi çerigiňki ýaly - "çr-re" . Uzynlygy – 27, ganaty – 21, ganatlarynyň gerimi – 60, guýrugy – 8 sm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: guýrugynyň akdygy, esasan hem, ganatlarynyň öňki gyrasynyň insiz ak zolaklydygy - gara çerikden; kellesiniň tutuşlygyna garadygy bilen akýaňak çerikden tapawutlanýar. Ýaşlarynyň döşüniň gapdallarynda gara tegmilleri we depesinde gara reňki ýok (akýaňak çerikden tapawutlylykda).

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän ýerleri – Gündogar Ýewropa, Gazagystan, Günortar Sibir, Uzak Gündogar. Orta Aziýada we Türkmenistanda uçup geçende duşýar. Afrikanyň günorta böleginde, Pars aýlagynda, Günorta-Gündogar Aziýada, Malaý arhipelagynda, Awstraliýanyň we Täze Zelandiýanyň kenarýakalarynda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän görnüş, ýazky migrasiýasy aprel-maýda, güýzkisi – awgust-sentýabrda. Uçup geçende, derýalaryň jüljelerinde we süýji suwly ýataklarda gabat gelmekleri mümkin. Esasy iýmiti mör-möjekler, çaga balyklar we suw oňurgasyzlary.

Statusy: seýrek, bizde heniz öwrenilmedik diýen ýaly görnüş.

**черный**, ноги кирпично-красные. Голос иногда напоминает «чр-ре», как у малой крачки. Длина – 27, крыло – 21, размах крыльев – 60, хвост – 8 см.

Сходства – отличия: от черной крачки отличается белыми хвостом, а главное – узкой белой полосой по переднему краю крыла; от белощекой крачки – полностью черной головой. У молодых характерно отсутствие темных пятен по бокам груди и черное темя (в отличие от белощекой крачки).

Распространение: область гнездования – Восточная Европа, Казахстан, Южная Сибирь, Дальний Восток. В Средней Азии и Туркменистане на пролетах. Зимуют в южной половине Африки, Персидском заливе, Юго-Восточной Азии, Малайском архипелаге, на побережье Австралии и Новой Зеландии.

Образ жизни: пролетный вид, весенняя миграция – в апреле-мае, осенняя – в августе-сентябре. На пролете может встречаться по долинам рек и пресным водоемам. Основной корм – насекомые, мальки рыб и водные беспозвоночные.

Статус: редкая, почти не изученная у нас птица.

## KEPDERIŞEKILLILER – *COLUMBIIFORMES* – ГОЛУБЕОБРАЗНЫЕ

Kellesi kiçijek gysga boýunly, kepderi beden gurluşly, maýdarak, orta ölçegli guşlar otrýady. Ganatlary uzyn we çowly, guýrugy orta uzynlykda, tegelenen. Aýaklary gysga, dört barmakly. Çüňki gysga, göni we inçe, düýbi pökgüje, ýarçykşekilli (mumlyjyk) burun deşigi deri örtük-

Отряд птиц средних размеров, некрупные, голубиного телосложения, шея короткая с маленькой головой. Крылья обычно длинные и острые, хвост средней длины, закруглен. Ноги короткие, четырехпалые. Клюв небольшой, прямой и тонкий, в основании – вздутие,

li. Ýelek örtügi gür we dykyz. Horazlary we mäkiýanlary reňki boýunça birmeňzeş, emma birinji ikinjiden ulurak. Görnüşleriniň bir bölegi oturymly, adatça, höwürtgeleýän sebitinde gyşlaýar. Guşlaryň köpüsi tokaýda, käbiri dagda, oba hojalyk landşaftlarynda we adamlaryň gurluşyk desgaly ýerlerinde ýaşaýar. Monogam, jübütligi örän durnukly. Agaçlaryň üstünde, gaýalarda, kert diwardaky hinlerde, adamlaryň ýaşaýan jaýlarynda, käbirli – ýerde höwürtgeleýär. Höwürtgeleri ýönekeý, açyk. Guşlaryň ikisi-de ýumurtga basyp oturýar we jüýjelerini iýmitlendirýärler, başda jüýjelerini petekesinden gaýtaryp, "kepderi süýdi" bilen iýmitlendirýärler. Jüýjeleri etene häsiýetli bolup, ýumurtgadan ýalaňaç çykýar we ýelek örtügi doly ösýänçä höwürtgede oturýarlar. Çalt ösýär we 25-nji gün bolanda uçup başlaýarlar. Diňe gündizine işjeň, gijesine agaçlaryň üstünde dynç alýar. Ýerde oňat ýöreýärler we iýmit çöpleýärler. Iýmiti ösümlikleriň tohumlary we miweleri, seýregräk maýda önurgasyzlar, suw içmäge yzygiderli gatnaýarlar. Adatça, topar ýa-da süri bolup gezýär, käte örän uly sürä jemlenýärler. Sport aw guşy. Olaryň köpsanly beseg tohumlaryn-dan başga, et üçin we hat gatnadyjy tohumlary hem bolýar. Jemi 301 görnüş, Türkmenistanda maşgalanyň wekilleri duşýar: kepderiler 3 görnüş kepderiler we gumrular (*Columbidae*) we bagyrtlaklar *(Pteroklidae)*.

покрытое кожей (восковица) с щелевидными ноздрями. Оперение густое, плотное. Самцы и самки по окраске не различаются, первые крупнее вторых. Часть видов оседлые, зимовки их обычно в областях гнездования. Большинство – обитатели лесов, некоторые в горах, сельскохозяйственном ландшафте и сооружениях человека. Моногамы, образуют прочные пары. Гнездятся на деревьях, в скалах, норах обрывов, жилищах человека, некоторые виды на земле. Гнезда простые, открытые. Оба родителя насиживают и выкармливают птенцов, причем в начале кормят их отрыжкой из зоба («голубиным молочком»). Птенцы развиваются по птенцовому типу: вылупляются голыми, остаются в гнезде до полного оперения. Растут быстро и в 25-дневном возрасте начинают летать. Ведут дневной образ жизни. Хорошо ходят, пищу собирают на земле. Питание – семена и плоды растений, реже мелкие беспозвоночные, много пьют, постоянно посещают водопои. Держатся, обычно, группами или стаями, иногда очень больших размеров. Являются объектами спортивной охоты. Помимо множества декоративных пород, есть породы мясные и почтовые. Всего 301 вид, в Туркменистане – представители семейств – голубиные (*Columbidae* – голуби и горлицы) и рябковые (*Pteroklidae*) .

## Bagyrtlaklar – *Pteroklidae* – Рябковые

Bu maşgaladaky guşlaryň beden gurluşy dykyz, boýny we aýaklary gysga, daşky görnüşi kepderilere çalymdaş, emma guýrugy toýnukşekilli ýa-da çürelip yza uzalýar. Ganatlary uzyn, çowly, çalt we uzak aralyga uçmaklyga uýgunlaşandyrlar. Gury ýer guşy, ýöräp bilýär, oňat ylgaýar, yzky barmagy örän ujypsyz ýa-da asla ýok; dykdykynyň barmaklary bitişip ösen we bitewlikde dabany paşmaksypatyny alýar. Ýerde höwürtgeleýärler. Bagyrtlaklaryň jüýjeleri ýumurtgadan çykanda kepderilerden tapawutlylykda, daşy gür sütük ýelekleri bilen örtülen bolýar we olar höwürtgede uzak saklanmaýarlar. Uly guşlar petekesinde ýa-da garyn ýeleklerini suwa batyryp -ölläp, jüýjelerine suw getirýärler. Iýmiti ösümlikleriň tohumlary we mör-möjekler. Jemi 16 görnüş, olardan 4-si Türkmenistanda.

У птиц этого семейства телосложение плотное, шея и ноги короткие, внешне напоминают голубей, но хвост клиновидный или даже вытянутый в острие. Крылья длинные, острые, приспособленные к быстрым и дальним перелетам. Исключительно наземные, хорошо ходят и бегают, задний палец очень маленький или совсем отсутствует; у саджи пальцы сросшиеся и имеют сплошную мозолистую подошву. Гнездятся на земле. В отличие от голубей птенцы рябков после вылупления покрыты густым пухом, они не задерживаются долго в гнезде. Родители приносят им воду в зобу или в намокшем оперении брюшка. Пища – семена и насекомые. Всего 16 видов, из которых в Туркменистане – 4 вида.

### 187. Bagyrtlak – *Pterocles orientalis* – Чернобрюхий рябок

Meýdan alamatlary: beýleki bagyrtlaklar bilen birmenzeş, ýöne ulurak. **Uçup barýarka garynynyň aşagyndaky uly gara tegmil** oňat görünýär. Kellesiniň üsti, boýnunyň yzy we petekesi açyk-çal, bokurdagy poslyrak-goňras reňkli, döşünden keseligine insiz gara zolak geçýär. Üstki tarapy ala, sarymtyl-goňur. Mäkiýanynyň reňki tutuk, arka tarapy tolkunsypat kese menekli, bokurdagy ýagty-çypar. Ýaş guşlar mäkiýanlaryna çalymdaş. **Aýaklary ýelek örtüksiz.** Uçuşy çalt, ýöne ganatlaryny seýrek kakýar. Sesi – "tçurr-tçurr-tçurr". Uzynlygy – 330-350, ganaty – 216-246 mm, agramy – 300-550 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: aýaklarynyň sähelçe uzyndygy, guýrugynyň gysgadygy we garnynyň garadygy bilen beýleki bagyrtlaklardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürt-

Полевые признаки: схож с другими рябками, но крупнее. **В полете на брюхе** хорошо заметно **большое черное пятно**. Верх головы, зашеек и зоб светло-серые, горло ржаво-каштановое, поперек груди узкая черная полоска. Верх пестрый, желтовато-бурый. Окраска самки более тусклая, спинная сторона в волнистых поперечных пестринах, горло светло-рыжее. Молодые похожи на самок. **Ноги не оперены**. Полет быстрый, но с редкими взмахами. Голос – «тчурр-тчурр-тчурр». Длина – 330-350, крыло – 216-246 мм, вес – 300-550 г.

Сходства – отличия: от других рябков отличаются чуть длинными ногами, коротким хвостом и черным брюхом.

Распространение: гнездовая часть ареала – крайний юго-запад Европы, Северо-Западная Африка, Ближний Восток, Малая, Перед-

geleýän bölegi Ýewropanyň günorta-günbatar çetleri, Demirgazyk-Günbatar Afrika, Ýakyn Gündogar, Kiçi, Alynky we Orta Aziýa hem Gazagystan. Türkmenistanda düzlük böleginiň hemme ýerlerinde duşýar, suw-bat-galyk we aklaň çägelik, derýa jülgelerinden gaça durýar. Hemme ýerde birsydyrgyn höwürtgelemeýär, demirgazyk-günbatar böleginde köpüräk, günorta we günorta-günbatarda – gyşlaýar, migrasiýasy hem şol etraplar bilen baglanşykly, emma Köpetdagyň eteklerine toplanýar geçýär. Alynky Aziýada we Hindistanyň demirgazyk - günbatar çetinde gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän, bölekleýin gyşlaýan görnüş, guşlaryň bir bölegi oturymly. Çöl guşy, çöllük we ýarym çöllükdäki dykyz toprakly ýerlerde, dag eteklerinde we oazisleriň çetlerinde mekan tutýar. Martda we apreliň birinji ýarymynda uçup gelýär. Güýzüne – sentýabrda we oktýabrda uçup gidýär. Maýiýunda, seýregräk, käýyllarda. Toýunly ýerdäki hem oýjagazda 3, seýrek 2 sany garamtyl meneklenen açyk çaldan açyk-çalymtyl-ýaşyla çenli reňkde ýumurtga guzlaýar, ölçegleri 44-49 x 30-34 mm. Iýunyň ortasynda jüýjeleri çykýar, iýulda – ganatlaryna galýarlar we awgustyň başynda doly uçurym bolýarlar. Awgustda göçüpgonýan sürüleri duşýar. Güýzüne ýüzlerçesiniň, käte müňlerçesiniň toplanan guş sürüleri gabat gelýär. Suwa, guşlaryň onlarçasy bir toplanyp, gatnaw uçuşlary geçirýär. Aglaba, ösümlik iýmiti bilen iýmitlenýär, az mukdarda mör-möjekleri çokýar. Suw içmäge yzygiderli gatnaýar: irden we öýlän, şeýle-de petekesinde

няя и Средняя Азия и Казахстан. В Туркменистане – по всей равнинной части, обычно избегает водноболотные и барханные участки и обширные оазисы. Гнездится неравномерно, больше в северо-западных частях, зимует в южных и юго-западных, миграции приурочены к тем же районам, но концентрируется в предгорьях Копетдага. Зимует в Передней Азии и крайнем северо-западе Индостана.

Образ жизни: пролетный, гнездящийся, частично зимующий вид, часть особей даже оседла. Пустынная птица, населяет плотно-почвенные участки пустыни и полупустыни, предгорья и окраины оазисов. Прилетают в марте и первой половине апреля. Осенний пролет – в сентябре и октябре. Яйцекладка в мае-июне, редко июле. Яйца откладывают в углубление почвы или на глинистую поверхность без подстилки. В кладке обычно 3, реже 2 яйца, от светло-серого до светло-серо-зеленого цвета с темными крапинками. Размеры яиц – 44-49 х 30-34 мм. Птенцы – в середине июня, в июле начинают перепархивать, в начале августа хорошо летают. В августе встречаются кочующие стаи. Осенью попадаются стаи в сотни, иногда тысячи птиц. На водопой летают группами не более нескольких десятков особей. В питании, преимущественно, растительные корма В небольшом числе и насекомые. Регулярно пьют воду, летая на водопой по утрам и вечерам, поят также птенцов, принося и отрыгивая им воду.

Статус: обычный, местами на пролете многочисленный вид, как



getiren suwuny gaýtaryp, jüýjelerine suw içirýärler.

Statusy: adaty, uçup geçende köpsanly görnüş, gymmatly aw guşy hökmünde (ýerli ady – "tural") aýawly çemeleşmek we rejeli peýdalanmak zerurdyr.

ценная охотничья птица (местное охотничье название – "тураль") нуждается в бережном отношении и регламентированном использовании.

### 188. Gylguýruk – *Pterocles alhata* – Белобрюхий рябок

Meýdan alamatlary: başgalara garanyňda maýda, dykdyky ululygyndaky we bagyrtlak bilen meňzeşligi köp bolan guş. **Uçup baýarka – ýiti uçly uzalan guýrugy we ak garny** görünýär. Depesi, arkasynyň üstki bölegi we egin ýelekleri altynsow-sarymtyl tegmilli, goňurrak-çalymtyl-ýaşyl we az sanly garamtyl zolakly. Bokurdagy garamtyl-goňur, garnynyň ak ýerini araçäkleýän garamtyl-goňur zolakly döşünde kese goýy çypar boýunbagy bolýar. Mäkiýanlarynda çal öwüşginler köp, bokurdagy ak, arka tarapy sarymtyl we gögümtilräk-çal kese zolakly. Ýaş guşlaryň arka tarapyn-daky ýelek örtügi tolkunsypatly garamtyl zolakly we ýagty sarymtyl gaýmaly. Çüňki – goýy çal. **Aýaklary** çalymtylgara, **ýelek örtüksiz**, gözi garamtyl mele. Ýerde gybyrdyklap ýöreýär, bolşuna görä, ýeňil ylgaýar. Ganatlaryny sesli kakyp, dikligine howa göterilýär. Sesi – "ghan-ghan" güýçli we bölekleýin. Çüňki – 12-13, ganaty – 189-214, guýrugy – 135-178 mm, agramy – 230-290 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: garny-nyň arassa akdygy, guýrugynyň çowlanyp has uzyndygy bilen dykdykydan we bagyrtlakdan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürt-

Полевые признаки: сравнительно мелкий рябок, величиной с саджу и во многом сходен с чернобрюхим рябком. В полете – **удлиненный острый хвост и белое брюхо**. Темя, верхняя часть спины и плечевые перья – буровато-серо-зеленые с золотисто-желтыми пятнами и немногочисленными темными полосками. Горло черно-бурое, поперек груди темно-рыжая перевязь, отграниченная от белого брюшка черно-бурой полоской. У самок больше серых тонов, горло белое, спинная сторона в желтых и голубовато-серых поперечных полосках. У молодых – перья на спинной стороне с волнистыми темными полосками и светло-желтыми каемками. Клюв – темно-серый. **Ноги** серо-черные, **не оперены**, радужка темно-бурая. По земле передвигается мелкими шажками, бегает сравнительно быстро. Взлетает с хлопаньем крыльев, вертикально. Голос звонкий и отрывистый – «гхан-гхан». Клюв – 12-13, крыло – 189-214, хвост – 135-178 мм, вес – 230-290 г.

Сходства – отличия: от саджи и чернобрюхого рябка отличается чисто белым брюшком, более длинным заостренным хвостом.

Распространение: гнездовая

geleýän bölegi Günorta-Günbatar Ýewropanyň çetleri, Demirgazyk-Günbatar Afrika, Mesopotamiýa, Orta Aziýa we Gazagystanyň günortasy. Türkmenistanda düzlüklerde, emma endigan däl, takyr ýere garanyňda çölüň çägeli meýdanlaryna ýakyn bolanyny gowy görýär. Alynky Aziýada, Arabystanyň we Afrikanyň käbir ýerlerinde gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän, bölekleýin gyşlaýan görnüş. Ýazyna martda uçup geçýär, emma güýzki ýaly anyk däl. Güýzine –oktýabryň soňky ongünlüginden noýabryň üçünji ongünlügine çenli uçup geçýär, ony aýratyn-da, Köpetdagyň eteklerinde oňat synlasa bolýar. Guşlar Merkezi Aziýanyň demirgazyk - gündogaryndan uçup geçýärler, onuň esasy ugry - demirgazyk-gündogardan günorta-günbatara tarap. Aýratyn jübüt we topar bolup höwürtgeleýärler. 2-4, köplenç 3 sany gür açyk-goňur menekli, sarymtyl-çyparrak reňkli ýumurtgalary gös-göni toprakda, aşagy düşeksiz ýerde goýýar. Ýylda iki gezek ýumutgalamaklary mümkin, maýyň başyndan iýunyň ortasyna çenli, ýumurtgaly höwürtgeleri duşýar. Dürli medeni ösümlikleriň tohumlary, uçup geçende ýandagyň tohumy bilen iýmitlenýär. Çölde suw içmäge her gün yzygiderli uçup gelýär.

Statusy: adaty, uçup geçende köpsanly, käbir ýerlerde örän köpsanly (gysga wagtda) görnüş. Höwesjeň awçylaryň aw guşy hökmünde gymmatly aw guşy (ýerli ady – "turtuşka"). Aýawly çemeleşmek we rejeli - oýlanşykly peýdalanmak zerurdyr.

часть ареала – край Юго-Западной Европы, Северо-Западная Африка, Месопотамия, Средняя Азия и юг Казахстана. В Туркменистане – на равнинах, но не равномерно, больше тяготеет к песчаной, чем к глинистой пустыне. Зимует в Передней Азии, Аравии, местами в Африке.

Образ жизни: пролетно-гнездящийся вид, часть особей может оставаться на зимовку. Весенний пролет в марте, но не так выражен как осенний. Осенний пролет хорошо заметен (особенно в предгорьях Копетдага) с последней декады октября до первой трети ноября. Птицы летят из северо-восточных частей Средней Азии, основное направление пролета – с северо-востока на юго-запад. Гнездятся отдельными парами и группами. Гнездо в небольшом углублении почвы. Яйца – прямо на земле без подстилки. Кладка из 2-4, чаще 3-х яиц желтовато-рыжеватого цвета и с густыми ярко-коричневыми пятнами. Период кладки растянут, возможно две кладки в году. Кладка – с начала мая и до середины июня. Питаются семенами различных культурных растений, на пролете – семенами верблюжьей колючки. Совершают регулярные ежедневные перелеты к водопоям в пустыне.

Статус: обычный, на пролетах многочисленный, местами очень многочисленный (в короткое время) вид. Представляет ценность, как объект любительской охоты (охотничье название – "туртушка"). Нуждается в бережном отношении и разумном использовании.



## 189. Dykdyky – *Syrrhaptes paradokus* – Саджа

Meýdan alamatlary: daşky keşbi bagyrtlak sypatly, ýöne bedeni has uzalan, süýnmek. Uçup barýarka **garnynyň aşagy gara tegmilli**, ganatly uçly we uzalan **guýrugynyň soňy iňňe ýaly inçelen.** Üsti kese zolaklanan çyparrak-goňur, bokurdagy we maňlaýy çypar, döşi insiz gara boýunbagy sarymtyl-çal. Mäkiýanynyň bokurdagy ak, arka tarapy sarymtyl we gyralary kese zolaklanan mawumtyl-çal. **Aýaklary ýelek örtükli** (barmaklary – "toýnak" görnüşinde bitişen). Ýaş guşlaryň arka tarapyndaky ýelekler tolkunşekilli garamtyl zolakly we gyralary agymtyl-sary gaýalan, şekilli ösmedik guýruk ýelekli. Sesi – batly we güýçli saýrama "trr-trr" we üçgatly – "ku-ru-ru". Ganaty – 189-214, guýrugy – 185-225, çüňki – 9-10.5 mm, agramy – 200-300 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: uçýan wagtynda garnynyň garadygy bilen gylguýrukdan; guýrugynyň uzyndygy we ganatlarynyň uçlarynyň garadygy bilen bagyrtlakdan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Mongoliýada, Demirgazyk Hytaýda we Gazagystanda, Özbegistanyň käbir ýerlerinde höwürtgeleýär. Olara has uzak aralyga uçuşlary - "çözüşlary" etmek, "ýaýrawuny" giňeltmek häsiýetlidir (aşak seret). Käte ýurdumyzyň dürli künjeklerindäki düzlüklerde duşýar.

Ýaşaýşy: çöllük sähra guşy, bizde onuň ýazyna we güýzüne, tötänden uçup gelýän-göçüp-gonýan osoblarynyň käbir ýyllarda gyşyna-da duşmagy ahmal. Höwürtgeleýän ýerleriniň çäginden uzaklara (ýokary seret), köplenç günbatara we demir-

Полевые признаки: облик – типичный для рябков, но тело более вытянутое, обтекаемое. В полете – **черное пятно на брюхе**, заостренные и удлиненные крылья и **суживающийся к концу иглой хвост**. Сверху в рыжевато-бурых поперечных пестринах, горло и лоб рыжие, грудь желтовато-серая, с черной узкой перевязью. У самки горло белое, спинная сторона в желтых и голубовато-серых поперечных полосах. **Ноги оперены** (пальцы – сросшиеся виде «копытца»). У молодых перья на спинной стороне с волнистыми темными полосками и светло-желтыми краевыми каемками, перья хвоста не удлинены. Голос – громкая и звонкая трель «трр-трр» и трехсложное «ку-ру-ру». Крыло – 189-214, хвост – 185-225, клюв – 9-10,5 мм, вес – 200-300 г.

Сходства – отличия: в полете от белобрюхого рябка отличается черным брюхом, а от чернобрюхого рябка – длинным хвостом и темными концами крыльев.

Распространение: гнездится в Монголии, Северном Китае и Казахстане, местами в Узбекистане. Характерны так называемые «инвазийные» вылеты на большие расстояния (см. ниже). В Туркменистане – на равнинах спорадически в различных частях страны.

Образ жизни: пустынно-степная птица, у нас считается залетно-кочующей весной и осенью, в отдельные годы может быть встречена и зимой. Особенностью вида являются массовые вылеты далеко за пределы

gazyga tarap köpçülikleýin uçup gitmekleri görnüşiň aýratynlygydyr. Bu hadysa, adatça ýazyna ýa-da gyşyna geçýär, ol guşlaryň bir näçe ýyllaryň dowamynda köpelenlerinden soň, iýmit gorunyň ýetmezçilik döwrüniň gelmegi bilen düşündirilýär. Şeýle ýaýraw "çozuşda" dykdykylar Türkmenistana hem aralaşýarlar.

Statusy: az sanly görnüş, emma aýratyn ýyllarda adaty, käbir ýerlerde köpsanly bolmagy ahmal. Aw guşlaryň sanawyna girýär (ýerli aw ady – "kopytka") we beýleki bagrtlaklar bilen bilelikde awlanylmagy mümkin, sany köp ýerlerde azalýar, hemme ýerde onuň köp taraplaýyn goralyp saklanmagy we oýlanşykly ulanyl-magy zerurdyr.

гнездовой области (см. выше), чаще в западном и северном направлениях. Это происходит обычно весной или зимой и, по-видимому, объясняется тем, что за периодом успешного размножения птиц в течение нескольких лет следует период наступившей бескормицы. Во время таких «инвазий» саджи залетают и в Туркменистан. Питаются растительными кормами.

Статус: немногочисленный вид, но в отдельные годы может быть обычным, а местами даже многочисленным. Относится к числу охотничьих птиц (местное охотничье название – копытка), может добываться вместе с другими рябками, численность во многих местах сокращается, нуждается во всемерной охране и разумном использовании.

---

**190.** *Bellik*. **Senegal bagyrtlagy – *Pterocles senegallus* –** tötänden uçup gelýän, ol bir gezek Amyderýanyň jülgesinde, Keif obasynyň demirgazygynda bellendi (1889 ý.). Beýleki bagrtlaklardan göwresiniň kiçiräkdigi bilen tapawutlanýar. Horazy gülgüneräk ýa-da çalymtylrak öwüşginli açyk, çagepisint-sarymtyl ýelek örtükli, garnynyň ortasy gara-goňur, egni gyzylymtyl-goňur tegmilli gülgüneçal, mäkiýanynyň arkasy gyzylymtyl goňur-sary öwüşginli gara-goňur menekli.

**190.** *Примечание*. **Сенегальский рябок – *Pretocles senegallus* –** залетный вид, отмечен лишь однажды (1889 г.) в долине Амударьи севернее пос. Келиф. От других рябков отличается чуть меньшими размерами. Оперение у самцов светло-песочное-желтое с розоватым или сероватым оттенком, середина брюшка черно-бурая, плечи розовато-серые с охристыми пятнами; у самки верх с черно-бурыми пятнашками на охристо-желтом фоне.

## Kepderiler – *Columbidae* – Голубиные

Beden gurluşy we ýelek örtügi dykyz, ujy ýitelen, ganatlary başgalara garanyňda uzyn, kelte çüňkli (düýbi oňat ösen "mumlyjykly'), aýaklary we boýny, guýrugy gysgalan we te-

Семейство птиц средней величины, с плотным телосложением и оперением, заостренными, сравнительно длинными крыльями, укороченными клювом (у основания



gelenen orta ululykdaky guşlar maşgalasy. Kepderileriň ählisi ösümlik bilen iýmitlenýärler. Höwürtgelerini ýerden ýokarda gurýarlar. Jüýjeleri bagyrtlaklaryňkydan tapawutlylykda, ýumurtgadan mejalsyz-etene görnüşinde çykýarlar we ep-esli wagtyň dowamynda höwürtgede oturýarlar. Jemi – 285 görnüş, olardan 9-sy Türkmenistanda.

которого хорошо развита восковица), ногами и шеей, хвост укорочен и закруглен. Все голубиные питаются растительной пищей. Гнездятся не на земле. Птенцы, в отличие от рябков, вылупляются беспомощными и не сразу покидают гнездо. Всего – 285, из которых в Туркменистане – 9 видов.

### 191. Gögerçin – *Columba livia* – Сизый голубь

Meýdan alamatlary: umumy reňki goýy-gök, **ganatlary** iki sany **gara zolakly.** Uçýan mahaly **biliniň akdygy we guýrugynyň gyralarynyň garadygy** görünýär. Boýny inli ýaşylymtyl-goýy gyzyl boýunbagy, mäkiýanynda, ol has gowşak ýalpykdyly. Ýaş guşlaryň gögümtyl ýelek örtügi goňurrak öwüşginli, ýalpyldawuk boýunbagy ýok, ýelekleri, aýratyn-da, döşünde we ganatlarynda ýagty gaýamaly. Ýabany kepderileriň şäherlere uçup gelmegi mümkin, olaryň (azu-kän) gara, ak, goňur ýa-da agyntyl-goňur ýelekleri bolýar. Çüňki goňurrak-gara. Aýaklary gyzyl. Sesi – häsiýetli warkyldama. Ganaty – 215-235, guýrugy – 110-127, çüňki – 19-21 mm, agramy – 240-360 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: biliniň akdygy, guýrugynyň garamtyldygy we ganatlarynyň üstünden kese iki sany garamtyl zolagyň geçýändigi bilen beýleki kepderilerden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: ýabany gögerçiniň arealy–Afrikanyň demirgazyk böleginiň ýarsyny, Ýewropanyň demirgazyk böleginden başga ýerlerini, Günbatar Sibiri, Gazagystany, Orta, Kiçi we Alynky Aziýany, Arabystany we Hindihytaýy öz içine alýar. Si-

Полевые признаки: общая окраска темно-сизая, с двумя **резкими черными полосами на крыльях**. В полете **хорошо заметны белая поясница и черная полоска по краю хвоста**. На шее широкий зелено-пурпурный ошейник, у самки он с более слабым блеском. У молодых буроватый налет на сизом оперении; перья, особенно на груди и крыльях, со светлыми каемками, блестящего ошейника нет. В городах могут попадаться дикие голуби, у которых присутствуют (больше или меньше) черные, белые или коричневые, или бело-коричневые перья. Клюв буровато-черный. Ноги красные. Голос – характерное воркование. Крыло - 215-235, хвост - 110-127, клюв - 19-21 мм, вес – 240-360 г.

Сходства – отличия: от других голубей отличается белой поясницей, темным хвостом и двумя темными полосами сверху поперек крыла.

Распространение: ареал дикого сизого голубя охватывает северную половину Африки, Европу за исключением северных частей, Западную Сибирь, Казахстан, Среднюю, Малую и Переднюю Азию,

nantrop gögerçinler Ýewraziýanyň ähli ilatly nokatlarynda, şeýle-de Amerikanyň köp şäherlerinde ýaşaýar. Türkmenistanyň ähli ýerlerinde, emma endigan duşmaýar.

Ýaşaýşy: oturymly görnüş, daglaryň gaýalarynda, derelerinde, jarlarda, derýalaryň gum gaýaly kenarlarynda mekan tutýar, çölde gabat gelýär, obalarda, şäherlerde ýaşaýar. Martda we apreliň başynda jübütleşýär, apreliň ikinji ýarymynda ýumurtga goýýar (ýarym ýabany kepderileriň warkyldamagy we jübütleşmegi ir fewralda başlanýar). Höwürtgesini gaýalaryň ýarçyklarynda, hinlerde we kert gaýalaryň eginlerindäki tekjelerde, jaýlaryň üçeginde, adamyň guran desgalarynda, çöldäki sardoblaryň we guýularyň diwarlarynda gurýar. 2 sany ak ýumurtga goýýar, ölçegleri – 27-31 x 36-43 mm. Ýylda 3-4 gezek jüýje çykarýar. Güýz-gyş aýlary sürä toplanýar we ýerli göçüp-gonma uçuşlary geçirýar. Ýabany we medeni ösümlikleriň tohumlaryny ýerden çöplāp iýmitlenýär.

Statusy: adaty, käbir ýerlerde köpsanly, oňat tanalýan guş. Sport aw guşy hökmünde, düzgün-tertibe gabat gelýän ýerlerde aw ähmiýetli.

Аравию и Индокитай. Синантропные сизые голуби живут почти во всех населенных пунктах Евразии, а также во многих городах Америки. В Туркменистане повсеместно, но не равномерно.

Образ жизни: оседлый вид, населяет скалы, горные ущелья, овраги, обрывистые берега рек, встречается в пустыне, живет в селах и городах. Спаривание в марте и начале апреля, яйца – во второй половине апреля (воркование и спаривание у полудомашних голубей начинается раньше – в феврале). Гнезда устраивают в трещинах скал, в норах и нишах по обрывам, на карнизах, в постройках человека, кяризах, в стенах сардоб и колодцев в пустыне. Кладка из 2 белых яиц, размеры – 27-31 x 36-43 мм. Выводят птенцов 3-4 раза в году. В осенне-зимнее время собираются в стаи, совершают незначительные кочевки. Питаются семенами диких и культурных растений, собирая их на земле.

Статус: обычная, местами многочисленная, хорошо узнаваемая птица. В соответствующих местах имеет значение как объект спортивной охоты.

### 192. Goňur kepderi – *Columba eversmanni* – Бурый голубь

Meýdan alamatlary: gögerçinden mese-mälim kiçi we garamtyl, aýratynda, ganatlarynyň aşak ýüzi, **arkasy we ganatlary goňurrak** reňkli. Uçýan mahalynda ýagty arkasy we güýrugynyň üsti oňat görünýär. Kellesiniň üsti çalymtylgoýy gyzyl reňkli, boýnunyň yz tarapyndaky tegmil ýaşylymtyl-goýy gyzyl ýalpyldawuk reňkli. **Çüňki**

Полевые признаки: заметно мельче и темнее сизого голубя, особенно с нижней стороны крыла, **спина и крылья буроватые**. В полете хорошо видны светлые спина и надхвостье. Верх головы серовато-темно-красной окраски, на задней стороне шеи пятно блестящего зелено-пурпурного цвета. **Клюв серый с желтоватым концом**. Вор-



**sarymtyl çal uçly.** Köpelýän döwründe warkyldamasy garamtyl billi kepderiňkä örän meňzeş, bir äheňde we pessaý "uu-uu-uu…". Uzynlygy – 300 çenli, horazlarynyň ganaty – 192-212, mäkiýanlarynyňky – 187-203 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: arkasynyň we ganatlarynyň ýelek örtüginiň goňur öwüşginlidigi, uçanda gögerçine çalymdaşdygy, emma guýrugynyň gysgadygy, ganatlarynyň we bedeniniň aşak tarapynyň ýelekleriniň garamtyldygy bilen beýleki kepderilerden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Orta Aziýada we Merkezi Aziýanyň günbatarynda höwürtgeleýär, Alynky Aziýada we Hindistanyň demirgazyk-günbatarynda gyşlaýar. Türkmenistanda derýalaryň jülgelerinde, Tejen, Murgap we Amyderýa jülgelerinde köp gabat gelýär.

Ýaşaýşy: uçup geçýān-höwürtgeleýän guş, derýalaryň kert kenarly ýerlerinde, toraňňyly tokaýlyklarda mesgen tutýar. Ýazyna martyň ikinji ýarymynda-apreliň başyna uçup gelýär. Güýzüne – sentýabrda-oktýabrda uçup gidýär. Agaçlaryň köweklerinde, gum gaýalardaky hinlerde, şeýle-de gurluşyk desgalarynda höwürtgeleýär. Ýasy düýpli höwürtgesini gury otlaryň baldajyklaryndan, sypallaryndan pezzik edip gurýar. Maý aýynda birinji, iýunyň soňunda we iýulda ikinji gezek ýumyrtgalaýar. Höwürtgede 2 sany ak ýumurtgasy bolýar. Aglaba, ösümlikleriň tohumlary bilen iýmitlenýär.

Statusy: seýrek guş, MSOP-yň Gyzyl sahypasyna we Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen.

кование в период размножения очень сходно с голосом клинтуха – монотонное и приглушенное «уу-уу-уу … ». Длина – до 300, крыло самцов – 192-212, самок – 187-203 мм.

Сходства – отличия: от всех голубей отличается бурыми тонами в оперении спины и крыльев, в полете похож на сизого голубя, но хвост короче, а оперение нижней стороны крыльев и тела темное.

Распространение: гнездится в Средней и на западе Центральной Азии, зимует в Передней Азии и на северо-западе Индостана. В Туркменистане по долинам рек, несколько больше по Теджену, Мургабу и Амударье.

Образ жизни: пролетная, гнездящаяся птица, обитает по речным обрывистым берегам, туранговым рощам. Время весеннего прилета – вторая половина марта-начало апреля. Осенний пролет – в сентябре-октябре. Гнездится в дуплах деревьев, в норах по обрывам, а также постройках. Гнездо –рыхлая постройка из сухой травы и веточек с плоским дном. Первая кладка – в мае, вторая – в конце июня и в июле. В кладке 2 белых яйца. Питаются, преимущественно, семенами.

Статус: редкая птица, внесен в Красный список МСОП и Красную книгу Туркменистана.

**193.** *Bellik*: Gündogar Köpetdagda we Köýtendagda **gaýa kepderisi – *Columba rupestris***, örän seýrek gabat gelýär, ol gögerçine gaty meňzeş, emma guýrugyndaky inli ak zolagy we ganatlarynda ak reňkiň ýokdygy bilen tapawutlanýar. Dag guşy bolup, Türkmenistandan gündogarda – Orta, Merkezi we Gündogar Aziýanyň günortasyndaky daglyklarda we Günorta Sibirde ýaýran.

**193.** *Примечание*: не исключено, что в Койтендаге и даже в Восточном Копетдаге крайне редко может быть встречен **скалистый голубь – *Columba rupestris***, который очень схож с сизым голубем, но отличается широкой белой полосой на хвосте. Эта горная птица распространена восточнее Туркменистана – в горных областях юга Средней, Центральной и Восточной Азии и Южной Сибири.

### 194. Garamtyl billi kepderi – *Columba oenas* – Клинтух

<u>Meýdan alamatlary:</u> gögerçine örän meňzeş, ýöne sähelçe kiçi we guýrugy gysga, **bili arkasy bilen birmeňzeş reňkli – gök**, ganatlaryndaky zolaklar anyk bildirmeýär. Boýny metal öwüşginli ýaşylymtyl-gyzyl, **petekesi–gyzylymtyl.** Çüňküniň düýbi gyzyl bolup, ujunda saralýar (agarýar). Aýaklary goýy-gyzyl. Gözi gyzylymtyl-goňur. Gözüniň töweregindäki halka çalymtyl. Ýaş guşlaryň reňki has tutuk we metal öwüşgini ýok. Sesi diňe jübütleşýän döwründe eşidilýär. Warkyldamasy beýleki kepderilere meňzemeýär – birdürli, biräheňde, ýürege düşgüç 10-15-e çenli gaýtalanma, güňlenç "huhy-huu-huhu-huu". Ganaty – 205-230, guýrugy – 110-130, çüňki – 18-19 mm, agramy – 250-340 g.

<u>Meňzeşlikleri-tapawutlary</u>: gögerçine meňzeş, emma ganatlarynyň has ýagtydygy, arkasynyň birmeňzeş gögümtildigi, biliniň hem-de aşak tarapynyň agymtyldygy bilen, hal kepderiden bolsa, ganatlarynda we boýnunda ak reňkiň ýokdygy bilen tapawutlanýar.

<u>Ýaýran ýerleri:</u> Ýewropanyň, demirgazyk böleginden beýleki ýerlerinde, Afrikanyň demirgazyk-günbatar çetleri, Günorta-Günbatar Aziýa, Kawkaz, Günbatar Sibiriň günortasy, Demirgazyk Gazagystan. Orta Aziýada - daglyk ýerlerinde, derýa jülgeleriniň käbir ýerlerine ýakynlaşýar. Türkmenistanda Amyderýanyň jülgesinde, emma uçup geçende beýleki ýerlerde hem duşýar. Ortaýer deňzinde we Ýakyn Gündogarda gyşlaýar.

<u>Ýaşaýşy:</u> uçup, geçip gidýän, höwürtgeleýän guş, käbirleriniň gyşlaýan bolmagy mümkin. Jeňňellikdäki köp ýaşan we sütünleri köwekli toraňňy tokaýlygynda mekan tutýar. Fewralyň soňunda-martyň başynda uçup gelýär. Aýratyn jübüt bolup, agaçlaryň köweklerinde höwürtge gurýar, onuň düýbüne otlaryň sypallaryny we çüýrap başlan ýapraklary düşeýär. Ýylda iki gezek köpelýär. 2 sany ak yumurtga goýýar, ölçegleri – 36-37 x 26-28 mm. Ýaşlary iýunyň soňunda we sentýabra çenli gabat gelýär. Güýzüne sentýabr-oktýabrda uçup gidýär. Ýabany ösýän ösümlikleriň tohumlary bilen iýmitlenýär.

<u>Statusy:</u> az sany, bizde az öwrenilen, seýrek guş. Ol hem edil beýleki kepderiler ýaly aw guşlaryň hataryna girýär, emma seýrek duşýandygy sebäpli, goraga alynmagy zerur.

<u>Полевые признаки</u>: очень похож на сизого голубя, но чуть меньше и короткохвостее, **поясница одного цвета со спиной – сизая**, полосы на крыльях выражены слабо. Шея с металлическим зелено-пурпурным отливом, **а зоб – с красноватым**. Клюв с красным основанием, желтеет (светлеет) на конце. Ноги темно-красные. Глаза красно-бурые. Кольцо вокруг глаза сероватое. У самки цвета более матовые. У молодых нет металлического отблеска. Голос подает только в брачный период. Воркованье не похоже на других голубей – однообразные, монотонные, заунывные, повторяемые до 10-15 раз, глухие звуки «хуху-хуу-хуху-хуу». Крыло – 205-230, хвост – 110-130, клюв – 18-19 мм, вес – 250-340 г.

<u>Сходства – отличия</u>: схож с сизым голубем, отличается более светлыми крыльями, одноцветной сизой спиной и поясницей и более светлым низом, от вяхиря – отсутствием белого на крыльях и шее.

<u>Распространение</u>: вся Европа кроме северных частей, крайний северо-запад Африки, Юго-Западная Азия, Кавказ, юг Западной Сибири, Северный Казахстан. В Средней Азии – тяготеет к горным районам, местами по долинам рек. В Туркменистане – возможно на пролетах в долине Амударьи, встречается и в других местах. Зимует – в Средиземноморье и на Ближнем Востоке.

<u>Образ жизни</u>: пролетная, возможно гнездящаяся птица и часть особей зимует. Тяготеет к пойменным тугаям со старыми и дуплистыми деревьями. Прилетает в конце февраля-начале марта. Селится отдельными парами, гнезда устраивает в дуплах, гнездо – скудная подстилка из веточек и пожухлых листьев. Две кладки в году. В кладке 2 белых яйца, размеры – 36-37 х 26-28 мм. Молодых можно встретить с конца июня и до начала сентября. Осенний отлет, в основном, в сентябре-октябре. Питаются зернами диких злаков и семенами дикорастущих растений.

<u>Статус</u>: немногочисленная, у нас мало изученная птица. Клинтух, как и другие голуби, относится к числу охотничьих птиц, но из-за редкости нуждается в охране.

### 195. Hal kepderi – *Columba palumbus* – Вяхирь

<u>Meýdan alamatlary:</u> bizdäki kepderileriň arasynda iň ulusy. Uçanda **ganatlarynyň üstündäki ak tegmilleri**, oturan mahaly – **boýnundaky ak we ýaşyl tegmilleri** boýunça aňsat tapawutlanýar. Kellesi we boýny goýy-gök; gapdallary we

<u>Полевые признаки</u>: самый крупный из наших голубей. В полете легко отличается по **белым пятнам на крыльях сверху**, а сидя – по **белому и зеленому пятнам на шее**. Голова и шея темно-сизые; бока и задняя сторона шеи, перед-

boýnunyň yzky tarapy, arkasynyň öňki bölegi ýaşylymtyl we gyzyl, metal öwüşginli. Arkasynyň yz tarapy we guýrugynyň üstüni ýapyjy ýelekleri sähelçe ýagty, çalymtyl-gök reňkli. Petekesi we döşi ýaşylymtyl-goýy gyzyl, garny, boýnunyň gapdallary we guýrugynyň aşagy agymtyl-gök. Guýrugy goýy gögümtil, gyralary inli goňurrak-gara zolakly. Çüňküniň esasy bölegi gyzyl, ujy sary. Aýaklary goýy gyzyl. Gözleri agymtyl-sary. Sesi kepderileriň warkyldysyna meňzemeýär, köplenç, uzakdan dürli beýiklikdäki sesli sözleriň sozulysy “ghu-u-huhu… hu-u-huhu…” ýa-da “uehuhu-uehuhu” yaly eşidilýär. Ganaty – 225-270, guýrugy – 145-180, çüňki – 20-24 mm, agramy – 420-620 g.

<u>Meňzeşlikleri-tapawutlary</u>: boýnundaky we ganatlaryndaky ak tegmilleri, ölçeginiň uludygy bilen beýleki kepderilerden tapawutlanýar.

<u>Ýaýran ýerleri:</u> Ýewropanyň demirgazyk çetlerinden başga, hemme ýerlerinde, Demirgazyk-Günbatar Afrikada, Kiçi we Alynky Aziýada, Gimalaý daglarynda, Günbatar Sibirde, Gazagystanda we Orta Aziýada ýaýran. Türkmenistanda Köpetdagda we Köýtendagda, uçup geçende giňişleýin derýalaryň jülgelerinde duşýar.

<u>Ýaşaýşy:</u> uçup, geçip gidýän, höwürtgeleýän guş. Daglyk ýerlerdäki gyrymsy agaçly ýerlerde mekan tutýar. Ýazyna fewralda (gyş ýyly gelende – ondan hem öňräk) uçup gelýär. Apreliň ortasynda höwürtgelemäge girişýär. Höwürtgesini agaçlaryň ýa-da gyrymsylaryň gapdal şahalarynda gurup, 2 sany arassa ak yumurtga goýýar, ölçegleri – 26-35 x 34-44 mm. Ýylda 2-3 gezek köpelýär. Soňky goýlan ýumurtgalardan jüýjeler awgustyň soňunda-sentýabryň başynda çykýar. Guşlaryň jüýjeleri uçurym bolandan soň, göçüp-gonýan sürä toplanýarlar. Kepderiler iýmiti ýerden we agajyň üstünden çokmagada ukyplydyrlar. Esasy iýmiti medeni dänelileriň we dürli ösümlikleriň, aýratyn-da, ýabany dänelileriň we kösükliler iň tohumlarydyr. Şeýle-de olar dürli miweleri çokýarlar (smorodina, itburun, tut, agaçlaryň pyntyklary).

<u>Statusy:</u> az sanly, uçup geçende käbir ýerlerde adaty guş, ikinji derejeli aw guşy, goralmaga mynasyp.

няя часть спины с металлическим зеленым и пурпурным блеском. Задняя часть спины и верхние кроющие хвоста несколько светлее, серовато-сизые. Зоб и грудь зелено-вато-темно-красные, брюхо, бока шеи и подхвостье светло-сизые. Хвост темно-сизый, с буровато-черной широкой полосой по краю. Основная часть клюва красная, на конце желтая. Ноги темно-красные. Глаза бледно-желтые. Голос не похож на воркование голубей – глухие, далеко слышные звуки с растянутыми отдельными фразами разной высоты «гху-у-хуху… гху-у-хуху…», или «уэхуху-уэхуху». Крыло – 225-270, хвост – 145-180, клюв – 20-24 мм, вес 420-620 г.

<u>Сходства – отличия</u>: от других голубей отличается белыми пятнами на шее и крыльях, крупными размерами.

<u>Распространение</u>: по всей Европе за исключением крайнего севера, Северо-Западная Африка, Малая и Передняя Азия, Гималаи, и Западная Сибирь, Казахстан и Средняя Азия. В Туркменистане – Копетдаг и Койтендаг, на пролетах шире – по долинам рек.

<u>Образ жизни</u>: пролетная, гнездящаяся птица. В горах ее обитание приурочено к участкам древесно-кустарниковой растительности, особенно по ущельям. Весной прилетает в феврале (в теплые зимы даже раньше). К гнездованию приступает в середине апреля. Гнездо обычно на боковых ветвях дерева или на кустах. В кладке 2 чисто-белых яйца, размеры – 26-35 x 34-44 мм. В норме за год – 2-3 цикла размножения. Из последних кладок птенцы вылупляются в конце августа-начале сентября. После размножения птицы собираются в кочующие стаи. Вяхири собирают корм не только на земле, но и на деревьях. Основной пищей служат семена культурных злаков и различных растений, особенно диких злаков и бобовых. Поедает также различные ягоды – смородину, шиповник, шелковицу, древесные почки.

<u>Статус</u>: немногочисленная, местами на пролетах обычная птица, как объект охоты имеет второстепенное значение, заслуживает охраны.



### 196. Halkaly gumry – *Stertopelia decaocto* – Кольчатая горлица

<u>Meýdan alamatlary:</u> gögerçinden maýda, ýöne gelşikli, gumrularyň arasynda iň ululary nyň biri. Üstki tarapy açyk goňur, aşak tarapy gülgüne-ak, **boýnunyň yzy orakşekilli insiz gara ýarymhalkaly bolup**, gyrasy öňünden we yzyndan agymtyl gaýalan. Guýrugy uzyn bolup, ak zolagy örän inli. Ýaş guşlaryň boýnunda gara ýarymhalka ýok we guýrugynda ak reňk az. Sesi warkyldysy güňlenç we bir meňzeş owaz “hu-hu-huu…”. Uzynlygy – 280 çenli, ganaty – 160-190, guýrugy – 125-145, çüňki – 16-18 mm, agramy – 193-200 g.

<u>Meňzeşlikleri-tapawutlary</u>: boýnundaky häsiýetli gara ýarymhalkasy we guýrugyndaky örän inli ak zolagy bilen gumrularyň hemmesinden, adaty we uly gumrulardan, arkasynyň bir öwüşginli reňki, musaýyja gumrudan, ölçegleriniň has ulydygy bilen tapawutlanýar.

<u>Ýaýran ýerleri:</u> giň, çalt ýaýrap, öz arealyny giňeldýän görnüş.

<u>Полевые признаки</u>: меньше сизого голубя, изящнее, среди горлиц наиболее крупная. Сверху – светло бурая, снизу розовато-белая, **на шее сзади – черное узкое серпообразное полукольцо**, отороченное спереди и сзади беловатыми каемками. Хвост длинный с очень широкой белой полосой. У молодых нет черного полукольца на шее и мало белого цвета на хвосте. Голос – воркование – глухой и односложный звук «ху – ху – хууу…». Длина – до 280, крыло – 160-190, хвост – 125-145, клюв – 16-18 мм, вес – 193-200 г.

<u>Сходства – отличия</u>: от всех горлиц отличается характерным черным полукольцом на шее и очень широкой белой полосой на хвосте, кроме того, от обыкновенной и большой горлиц – однотонной окраской спины, а от малой – более крупными размерами.

<u>Распространение</u>: широкое,

Kiçi Aziýadan XX asyrda çykyp, ol Ýewropanyň hemme ýerlerine diýen ýaly ýaýrady, soňra Günorta Urala, Gazagystana we Orta Aziýa geldi. Türkmenistana aralaşmagy Guşgy jülgesi boýunça geçen asyryň ortasyndan başlandy. Häzirki döwürde ol Amyderýadan Hazara çenli Türkmenistanyň ähli ýerlerinde gabat gelýär, emma günbatarda, günortada we gündogarda häzirlikçe sany köp däl.

Ýaşaýşy: oturymly görnüş, derýalaryň jülgelerinde, dagöňünde, oazislerde we oba hojalyk landşaftlarynda ýaşaýar. Gyrymsy agaçly ýerlerde aýratyn jübüt bolup höwürtgeleýär, kiçiräk tokaýlary, baglyk, seýilgähleri, ýaşyl zolaklary halaýar. Edil musaýyja gumry ýaly adamlaryň guran desgalaryna ýanaşyk ýaşaýar. Agaçlaryň şahalarynyň arasynda çybyjyklardan we gury sypallardan höwürtge gurýar. Mart-aprelde 2 sany açyk-sargylt-ak reňkli yumurtga goýýar, ölçegleri – 23-26 x 29-34 mm. Ýylda 2-3 gezek nesil öndürýär. Maýdan awgust aýyna çenli jüýjeleri çykýar. Iýmiti dürli ösümlikleriň däneleri, güýz-gyş aýlary iýmitlenmäge ekerançylyk meýdanlaryna uçup barmaklary mümkin.

Statusy: adaty, güýz-gyş möwsüminde käbir ýelerde köpsanly guş. Biziň şäherdir şäherçelerimizi bezeýär, ol ýakyndan üns berilmäge we goralmaga mynasyp guş.

вид быстро расселяется, расширяя свой ареал. В XX веке, проникнув из Малой Азии, он заселил почти всю Европу, затем Южный Урал, Казахстан и Среднюю Азию. В Туркменистан проникновение началось в середине прошлого века по долине Кушки. В настоящее время встречается почти по всему Туркменистану от Амударьи до Каспия, но на западе пока не столь обычна как на юге и востоке.

Образ жизни: оседлый вид, обитает в долинах рек и предгорьях, оазисах и сельскохозяйственных ландшафтах. Гнездится отдельными парами на участках с древесно-кустарниковыми насаждениями, предпочитает рощи, сады, парки, зеленые зоны. Как и малая горлица, не избегает соседства с человеком. Гнездо строит в кронах деревьев из прутиков и сухих стеблей. Кладка – с марта-апреля, состоит из 2 сливочно-белых яиц, размеры – 23-26 х 29-34 мм. В норме – 2-3 кладки в году. Птенцы – в мае-августе. Корм собирает на земле, это семена различных растений, в том числе культурных злаков, осенью и зимой могут летать кормиться на поля.

Статус: обычная, местами в осенне-зимнее время многочисленная птица. Украшает наши города и поселки, заслуживает доброго отношения и охраны.

### 197. Adaty gumry – *Stertopelia turtur* – Обыкновенная горлица

Meýdan alamatlary: kepderiniň ölçeginde, ýöne kiçi, gelşikli we owadan. Kellesiniň üsti we boýnunyň yzy çalymtyl-gök. **Boýnunyň gapdallary**, örän ýagty çalymtyl-mawy gaýmaly, **gara ýeleklerden emele gelen bir sany uly ala tegmilli.** Biliniň öň tarapy goňurrak, yzky bölegi we guýrugynyň üsti çalymtyl-goňur. Egni we ganatlarynyň daş tarapynyň uly bölegi çyparrak inli gaýmaly. Alkymynyň aşagy we bokurdagy agymtyl. Boýnunyň öň tarapy, petekesi, gögümtil-gülgüne, garny agymtyl, bedeniniň gapdallary çalymtyl-gök, guýrugynyň aşagy ak. Guýrugynyň yzky gyrasy insiz ak zolakly gara. Çüňki garamtyl, aýaklary solak gyzyl. Gözi mämişi-gyzyl. Sesi güýçli, mylaýym warkyldy "turr-turr…turr-turr…" owazly (görnüşiň ylmy ady ses öýkünmesi). Ganaty – 160-184, guýrugy – 115-125, çüňki – 15-19 mm, agramy – 110-130 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: arkasynyň teňňeşekilli, boýnunyň tegmil sypatly nagyşlary bilen halkaly we musaýyja gumrylardan; uly gumrydan, ölçegleriniň kiçidigi, has ýagty reňklidigi we petekesiniň çalymtyldygy (tebigatda tapawutlandyrmak kyn) bilen tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi giň – tutuş Ýewropa, demirgazyk welaýatlaryndan başga ýerleri, Demirgazyk Afrika, Kiçi, Alynky Orta Aziýa, Gazagystan, Günbatar Sibiriň günortasy we Günbatar Hytaý. Türkmenistanyň hemme ýerlerinde – daglyk we düzüklerinde gabat gelýär. Afrikanyň ekwator böleginde gyşlayar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän görnüş. Daglaryň we derýa jülgeleriniň agaçly we gyrymsy agaçly ýerlerinde, toraňňyly jeňňelliklerde, sazaklykda, ýylgynly jeňňellerde, ilatly ýerleriň saýaly bagly ýerlerinde mekan tutýar. Ýazyna apreliň soňunda we maýyň başynda uçup gelýär.

Полевые признаки: размером с голубя, но меньше, стройнее и изящнее. Верх головы и зашеек серовато-сизые. **По бокам шеи – по одному крупному пестрому пятну, образованному черными перышками** с очень светлыми серовато-голубыми каймами. Передняя часть спины буроватая, задняя часть и надхвостье серовато-буроватые. Плечи и большая часть крыла снаружи темные, с широкими рыжеватыми каймами. Подбородок и горло беловатые. Шея спереди, зоб, грудь сизовато-розовые, брюхо беловатое, бока тела серовато-сизые, подхвостье белое. Хвост черный с узкой белой полоской по заднему краю. Клюв черноватый, ноги бледно-красные. Глаза – оранжево-красные. Голос – громкое, нежное воркование, звучащее как «турр-турр… турр-турр…» (научное название вида – звукоподражательное). Крыло – 160-184, хвост – 115-125, , клюв – 15-19 мм, вес – 110-130 г.

Сходства – отличия: от кольчатой и малой горлиц отличается чешуйчатым рисунком на спине, формой пятен на шее. От большой горлицы – меньшими размерами, более светлой окраской и сероватым зобом (в природе трудно отличимы).

Распространение: гнездовая часть ареала широкая – вся Европа за исключением северных областей, Северная Африка, Малая, Передняя, Средняя Азия, Казахстан, юг Западной Сибири и Западный Китай. В Туркменистане повсеместно, как в горах, так и на равнинах. Зимовки – в Экваториальной Африке.

Образ жизни: пролетная, гнездящийся вид. Встречается в горных и речных долинах на участках с древесно-кустарниковой растительностью, в тугаях, саксаульниках, зарослях тамарикса, насаждениях в населенных пунктах. Весной по-

Güýzine - awgustyň soňunda we sentýabrda uçup geçýär. Aýratyn jübüt bolup höwürtgeleýär. Agaçlaryň gapdala uzaýan şahalarynda gury çöpjagazlardan pezzik, arasyndan şöhle geçýän aşagy tekiz höwürtge gurýar. Ýylda iki gezek köpelýär. Birinji höwürtgesini maý aýynda gurýar we 2 sany arassa-ak reňkli yumurtga goýýar, ölçegleri 22-25 x 28-35 mm. Ýaşlary iýunyň soňunda we awgusta çenli gabat gelýär. Dürli ýabany ösümlikleriň däneleri esasy iýmiti bolup hyzmat edýär. Bugdaý orulan meýdanlardan ýere gaçan däneleri çöpleýär. Suwa mätäç, yzygiderli suw içmäge gatnaýar.

Statusy: köp sanly däl görnüş, sany azalýar, höwesjeň awçylaryň ikinji derejeli aw guşy.

является в конце апреля и начале мая. Осенний пролет – в конце августа и сентябре. Гнездится отдельными парами. Гнездо устраивает обычно на горизонтальных ветвях деревьев. Гнездо плоское, рыхлое и просвечивающего настила из сухих веток с очень плоским лотком. Две кладки в году. Первая кладка в мае, состоит из 2 чисто-белых яиц, размеры – 22-25 х 28-35 мм. Молодые – с конца июня и до конца августа. Основным кормом служат семена различных диких растений. Посещает убранные хлебные поля, где подбирает оставшиеся после уборки зерна. Нуждается в воде и регулярно летает на водопой.

Статус: немногочисленный вид, является второстепенным объектом любительской охоты.

### 198. Uly gumry – *Stertopelia orientalis* – Большая горлица

Meýdan alamatlary: adaty gumra çalymdaş, ýöne sähelçe ulurak, reňki garamtyl we goňurrak. Kellesiniň üsti gögümtil-çal, **boýnunyň gapdallary gara we çal ýelekleriň toplumyndan uly ala tegmilli;** arka tarapy çalymtyl-goňur, aşak tarapy, goýy gök. Petekesi, döşi we garny gülgünegoýy gyzyl reňkli, guýrugynyň aşagy we guýrugynyň çetki ýelekleri ak. Çüňki gyzylymtyl-goňur, gabagynyň we gözüniň töwereginäki ýalaňaç deri – gyzyl. Gözleri mämişi. Sesi adaty gumra garanyňda güýçli we güňlenç, beýleki kepderileriň sesinden tapawutlanýar. Onuň gödeksi, ýogyn sesli warkyldysy “ubu…ubu… tu-bu-bu, ubu…tu-bu-bu…” uzakdan eşidilýär. Ganaty – 170-220, guýrugy – 130-150, çüňki – 15-18 mm, agramy – 200-238 g.

Полевые признаки: похожа на обыкновенную горлицу, но несколько крупнее, окраска темнее и буреe. Верх головы голубовато-серый, **по бокам шеи – по большому пестрому пятну из черных и серых перьев**; верхняя часть спины серовато-бурая, нижняя – темно-сизая. Зоб, грудь и брюшко розовато-темно-красного цвета; подхвостье и край хвостовых перьев белые. Клюв красно-бурый, голая кожа на веках и кольцо вокруг глаз – красные. Глаза оранжевые. Голос у большой горлицы сильнее и глуше, чем у обыкновенной, и вообще отличается от голоса остальных голубиных. Это очень грубое, басовитое, далеко слышное воркование - «убу…убу…ту-бу-бу, убу… убу…ту-бу-бу…». Крыло – 170-220, хвост – 130-150, клюв 15-18 мм, вес – 200-238 г.



Meňzeşlikleri-tapawutlary: daşky sypaty, özüni alyp baryş häsiýeti we uçuş alamatlary boýunça adaty gumra çalymdaş (uzak aralykdan olary tanamak kyn), emma ondan ölçegleriniň uly hem deşlidigi we bedeniniň üstki tarapynyň has garamtyldygy (goňur öwüşginli) bilen tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi – Günorta Ural, Günorta we Orta Sibir, Uzak Gündogar, Hindihytaýyň günortasyna çenli. Gazagystanyň günorta - gündogar etraplarynda Orta Aziýada ýaýran. Türkmenistanda–höwürtgelände Köýtendagda, uçup geçende giňişleýin–Amyderýanyň jülgesinde we beýleki ýerlerde gabat gelmegi mümkin. Hindistanda we Günorta-Gündogar Aziýada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup, geçip gidýän guş. Köýtendagyň arçalyklarynda höwürtgeleýär. Uçup geçende gyrymsy agaçly ýerlerde saklanýar. Höwürtgesi beýleki gumrularyňka garanyňda has uly, arça agajynyň şahasynda ösümlikleriň çybyjaklaryndan we baldajyklaryndan gurýar. Maý aýynda 2 sany ak ýa-da çala sarymtyl reňkli yumurtga goýýar, ölçegleri – 22-26 x 32-37 mm. Jüýjeleri uçurym bolandan soň, uly bolmadyk toparda gezýärler. Dürli dänelileriň tohumlary bilen iýmitlenýär. Suwa mätäç, suw içmäge yzygiderli gatnaýar.

Statusy: sany az, bizde az öwrenilen guş. Käbir ýerlerde awçylaryň aw guşy hasaplanýar, goraga alynmaga mynasyp görnüş.

Сходства – отличия: по внешнему виду, повадкам и характеру полета похожа на обыкновенную горлицу (на большом расстоянии их часто путают). Отличается от нее несколько большей величиной, массивностью и более темной окраской верха тела (бурый тон).

Распространение: гнездовая часть ареала – Южный Урал, Южная и Средняя Сибирь, Дальний Восток, к югу до Индокитая. Юго-восточные районы Казахстана и Средней Азии. В Туркменистане – на гнездовье в Койтендаге, на пролете шире – по долине Амударьи, возможны встречи и в других местах. Зимует в Индии и Юго-Восточной Азии.

Образ жизни: перелетная птица. Возможно гнездится в арчевниках Койтендага. На пролетах придерживается участков с древесно-кустарниковыми насаждениями. Гнездо более массивное, чем у других горлиц, из веточек и прутиков, помещается на ветвях арчи. Кладка – с мая, состоит из 2-х белых или чуть желтоватых яиц, размеры – 22-26 х 32-37 мм. Вне гнездовое время держится небольшими группами. Питается различными семенами. Нуждается в воде, регулярно летает на водопой.

Статус: немногочисленная, у нас мало изученная птица. В некоторых местах является объектом спортивной охоты, заслуживает охраны.

### 199. Musaýyja (kiçi) gumry – *Stertopelia senegalensis* – Малая горлица

Meýdan alamatlary: beýleki gumrulardan has maýda. Üstki tarapy go-

Полевые признаки: заметно мельче других горлиц. Сверху бу-

ňurrak-açyk mele reňkli, kellesi goňur-gülgüne we ganatlarynyň gyrasy açyk gögümtil, boýnunyň gapdallary ala-mula-gara tegmilleriň gür üýşmegi, alkymy we bokurdagy agymtyl, pete-kesi we döşi goýy gyzylymtyl-gülgüne, garny we guýrugynyň aşagy, köplenç, gülgüne öwüşginli ak. Mäkiýanlary horazlaryna garanyňda biraz öçügsi reňkde. Çüňki gara, aýaklary açyk gyzyl. Sesi örän özboluşly, "uu" ýa-da huu" bölekleýin gaýtalanýan owaz. Warkyldysy mylaýym we sesli "krul-grul-krul-grul…". Ganaty – 170-220, guýrugy – 130-150, çüňki – 15-18 mm, agramy – 200-238 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: ölçegleriniň kiçidigi we **boýnunyň gapdallarynyň gara-çypar ala tegmillidigi** bilen beýleki gumrylardan, halkaly gumrydan – boýnunda gara ýarymhalkanyň ýokdygy, uly we adaty gumrulardan – üstki tarapynyň birmeňzeş reňklidigi (ala däl) bilen tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Afrikanyň, Hindistanyň, Arabystanyň, Alynky, Kiçi we Orta Aziýaýň, Zakawkazýanyň, Günorta Gazagystanyň, Günbatar Hytaýyň hemme ýerlerinde diýen ýaly ýaýran. Türkmenistanda giňişleýin, derýalaryň we daglaryň jülgelerinde, dag eteklerinde we oazislerde mesgen tutýar, uly şäherlerde, obalarda hatda çölde hem ýaşaýar.

Ýaşaýşy: oturymly, arealyny gi-ňeldýän sinantrop görnüş. Ilatly no-katlarda ýaşaýar. Aýratyn jübüt bolup höwürtgeleýär. Pezzik, aşagy tekiz höwürtgesini açyk eýwanlaryň kese agaçlarynda, jaýlaryň üçeklerinde, şiferleriň aşagynda, dynç alynýan telärlerde, ýoluň gyrasynda ösýän agaçlarda, seýilgählerde we beýleki

ро-песчаного цвета с буро- розовой головой и светло-сизым краем крыла, на боках шеи – сгущения черных пестрин; подбородок и горло беловатые, зоб и грудь темно-красно-розовые, брюшко и подхвостье белые, часто с розовым налетом. Самки окрашены несколько тусклее самцов. Клюв черный, ноги малиново-красные. Голос очень своеобразен, это – повторяемый, отрывистый звук «уу» или «хуу». Воркование мягкое и звонкое – «курль-гурль-курль-гурль…». Крыло – 170-220, хвост – 130-150, клюв – 15-18 мм, вес – 200-238 г.

Сходства – отличия: от всех горлиц отличается мелкими размерами и **черно-ржавыми, пестрыми пятнами по бокам шеи**. От кольчатой горлицы – отсутствием черного полукольца на шее, а от большой и обыкновенной горлиц – однотонным (не пестрым) верхом.

Распространение: почти вся Африка, Индия, Аравия, Передняя, Малая и Средняя Азия, Закавказье, Южный Казахстан, Западный Китай. В Туркменистане – повсеместно в речных и горных долинах, предгорьях и оазисах, обитает как в крупных городах, так и небольших селениях, в том числе в пустыне.

Образ жизни: оседлый, синантропный вид, расширяющий свой ареал. Обитатель населенных пунктов. Гнездится отдельными парами. Гнездо – плоская, рыхлая постройка, располагается открыто на верандах, карнизах, под крышами, на беседках, на деревьях вдоль улиц, в парках и садах. В году бывает до 4-5 кладок с февраля по июль, кладка состоит из 2 белых, почти округлых



ýerlede gurýar. Fewral-iýul aralykda 3-4 gezek köpelýär. 2 sany süýri ak ýumurtga goýýar, ölçegleri 19-22 x 25-29 mm. Iki hepdä golaý kürk bolup oturýar, jüýjeleri 15-16 güne ýakyn höwürtgede oturýar. Jüýjeleri uçurym bolandan soň ýene-de ýumurtga goýýar. Iýmit gözleýän guşlar ýol ýakalarynda, bazarlaryň,un harazlaryň, däne ammarlaryň we öý guşlary saklanýan ketekleriň töwereginde görse bolýar. Dürli ösümlikleriň dänelerin we tohumlaryny çokýar (bugdaý, mäş, seýrek bakja ekinleriň tohumlary). Gumrylar adamlaryň hoşniýetli häsiýetleriniň hemaýatyndan peýdalanyp, çörek owuntyklaryny, dürli iýmit galyndylaryny, şaly, bugdaý we beýleki tohumlary çöpleýärler.

Statusy: adaty, käbir ýerlerde köp sanly we örän ynanjaň guş. Şäherleriň we obalaryň bezegi bolup, olar adamyň goragyndan peýdalanýarlar. Guşlary goşmaça iýmitlendirmek (aýratyn-da, aňzakly gyşlarda) we goraga almak, aýratyn-da, höwürtgesini gargalardan goramak zerurdyr.

яиц, размеры – 19-22 x 25-29 мм. Насиживание продолжается около двух недель, птенцы в гнезде остаются около 15-16 дней. После того как птенцы покидают гнездо, самка приступает к новой кладке. В поисках корма этих птиц постоянно можно видеть на улицах, базарах, элеваторах, складах, в местах содержания домашних птиц. Питается различными семенами и зернами – пшеница, маш, реже семена огородных растений. Очень часто пользуется прикормкой, которую устраивают люди – хлебные крошки, различные остатки пищи, рис, пшеница и другие семена.

Статус: обычная, местами многочисленная и доверчивая птица. Как украшение городов и поселков пользуется покровительством человека. Нуждается в подкормке (в необычно морозные зимы) и защите, в частности, от ворон, разоряющих их гнезда.

## IKATÝOKŞEKILLILER – *CUCULIFORMES* – КУКУШКООБРАЗНЫЕ

Iň kiçisi serçe möçberli we iň ulusy garga ýaly, orta ölçegli guşlar maşgalasy. Agaçlaryň üstünde ýa-da gury ýerde ýaşaýarlar. Bedeniniň gurluşy gelşikli, ganatlary uzyn we uzalan guýrugy tegelenen, çüňki sähelçe aşaklygyna egmek. Aýaklary gysga, dört barmakly, onuň ikisi öňe we ikisi yza gönügýär. Reňki köplenç ala-çal ýa-da goňur. Uçuşy köp ugurly. Reňkinde jynsy dimorfizm ýok ýa-da gowşak ösen. Dünýänyň hemme ýerinde ýaýran, aýratyn-da, yssy ýurtlarda has köp. Görnüşleriniň käbirleri aralyk

Отряд птиц средних размеров, наиболее мелкие – с воробья, самые крупные – с ворону. Ведут древесный или наземный образ жизни. Стройное телосложение, длинные крылья и закругленный хвост, удлиненный, слегка загнутый вниз клюв. Ноги короткие, четырехпалые, два из которых направлены вперед, а два – назад. Окраска в основном серая или бурая, с пестринами. Полет маневренный. Половой диморфизм в окраске отсутствует, или развит слабо. Распространены по всему миру, больше всего в жар-

giňişliklerde höwürtgeleýär, uçup geçip gidýär, galany oturymly. Olar beýleki guşlaryň höwürtgelerine ýumurtgalaryny basyp oturmak we jüýjelerini iýmitlendirmek üçin goýup, mugthorçylyk edýärler. Emma, amerika uikatýoklary özleri höwürtge gurýarlar we ýumurtgalaryny basyp oturýarlar. Mugthorçylyk edýän ikatýoklaryň ýumurtgalary örän maýda (guşuň agramyndan 3% golaýy) we reňki, adatça, hojaýynguşlaryň ýumurtgalaryna meňzeş. Ikatýoklaryň görnüşleriniň köpüsi mör-möjekler bilen iýmitlenýärler. Otrýatda 149 görnüş, olardan ikatýoklar maşgalasynyň *(Cuculidae)* 5 görnüşi Türkmenistanda.

ких странах. Некоторые виды, гнездящиеся в умеренных широтах, перелетные, остальные оседлы. Паразитируют на других птицах, подкладывая им в гнезда свои яйца для насиживания и выкармливания птенцов. Однако большинство американских кукушек сами строят гнезда и высаживают яйца. Яйца у паразитических кукушек очень мелкие (около 3 % массы самой птицы) и по окраске обычно сходны с яйцами птиц-хозяев. Большинство видов кукушек питается насекомыми. В отряде 149 видов, из которых в Туркменистане – 5 представителей семейства кукушковые (*Cuculidae*).

## 200. Adaty ikatýok – *Cuculus canorus* – Обыкновенная кукушка

Meýdan alamalary: jok-joky ölçeginde, ýöne ulurak görünýär. Guýrugy bolşuna görä uzyn, basgançakly tegelenen. Horazlarynyň we mäkiýanlarynyň reňkindäki tapawut aýdyň görünýär. Horazlarynyň arkasy we guýrugy goýy çal, bokurdagy we döşi açyk çal. **Ýelek örtuginiň** galan ýerleri ak **kese garamtyl-ala zolakly.** Mäkiýanlary horazlaryna çalymdaş, ýöne garyn tarapynyň alareňki olarda bokurdagyna ýakyn başlanýar. Mäkiýanynlaryň arkasy tutuşlygyna kese garamtyl zolakly çypar reňkli, ol arkasynyň aşaky böleginde we guýrugynyň üstinde bolmaýar, garyn tarapy insiz kese zolakly ak. Gözleriniň, gabaklarynyň gyrasy sary. Çüňki garamtylrak, ujy, sähelçe egmek. Aýaklary gysga, mämişi reňkli. Horazy gygyranda guýrugyny galdyrýar we ganatlaryny aşak sallaýar. **Sesi – hemmä mälim “kukuk” etme;** horazynyňky – iki goşulmadan “kuk-ku” ýa-da üç goşulmadan – “kuk-kuk-ku”. Uzakdan eşidilýär, ýakynyna baranynda gygyrmadan öňürti garyljyk “hha-ha-ha” gykylygy eşitmek mümkin. Mäkiýany sesli gykylyk “ke-ke-ke” bilen jogap gaýtarýar. Üznüksiz gygyrmgy, adatça, ondan aňry geçmeýär, ýöne arasynda “rekord” goýýanlaryda belli. Şonda olar arakesmesiz 60 gezek gygyrýar. Uzynlygy – 40 çenli, ganaty – 18-25, guýrugy – 18 sm çenli.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: sesi we ganatlaryny örtüji ýelekleriň aladygy bilen ker ikatýokdan tapawutlanýar. Reňki we ölçegleri boýunça, aýratyn-da, uçýan wagty, kiçiräk gyrgyny ýatladýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi giň – tutuş Ýewraziýanyň, tundra zolagyndan we Afrikanyň demirgazyk-günbatar çetinden başga ýerleri. Türkmenistanda uçup geçende hemme ýerlerde, höwürtgelände – jülgelerde we oazislerde duşýar. Afrikada (Sahara çölünden günortada), Günorta we Günorta-Gündogar Aziýada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän we höwürtgeleýän guş, agaç we gyrymsy agaçly hem-de gamyşlyk meýdanlar-da – derýa jülgeleriniň jeňňelliklerin-de, daglyk ýerlerde, oazislerde saklanýar. Apreliň soňunda we maýyň başynda uçup gelýär. Güýzüne ir - iýulyň ortasyndan uçup gidýär, esasy bölegi sentýabrda uçup geçýär. Guşlaryň esasy “ku-kuk” edýän möwsümi maýyň ikinji ýarymy, iýulyň başynda gygyrmasyny bes edýär. Maýyň ortasynda ýumurtga goýýar. Adaty ikatýok guşlaryň 150 görnüşiniň höwürtgesine ýumurtga goýýar. Türkmenistan-

Полевые признаки: размером с дрозда, но выглядит крупнее. Довольно длинный, закругленный ступенчатый хвост. Разница в окраске самцов и самок выражена хорошо. У самцов спина и хвост темно-серые, горло и грудь светло-серые. Остальная часть **оперения** белая **с темной поперечной полосатостью**. Самки бывают серого, реже рыжего оттенка. Самки похожи на самцов, но пестрины на брюшной стороне у них начинаются ближе к горлу. У рыжих самок вся спина с темными поперечными полосками, которые отсутствуют только на нижней части спины и на верхней хвоста; брюшная сторона белая с узкими поперечными полосками. Глаза, края век желтые. Клюв черноватый, слегка загнутый у конца. Ноги короткие, оранжевого цвета. Самец во время кукования приподнимает хвост и опускает крылья. **Голос – всем известное кукование**; у самца – двусложное «кук-ку» или трехсложное «кук-кук-ку». Слышно издалека, а если подойти поближе, то перед кукованием можно услышать и хрипловатое – «хха-ха-ха». Самка отвечает звонким криком «ке-ке-ке». Число непрерывных кукований обычно не превышает десяти, но известны «рекорды» – до 60 раз без перерыва. Длина – до 40, крыло – 18-25, хвост – до 18 см.

Сходства – отличия: от глухой кукушки отличается голосом и полосатыми кроющими перьями крыла. По окраске и размерам несколько напоминает небольшого ястреба, особенно в полете.

Распространение: гнездовой ареал обширен – почти вся Евразия, за исключением тундр, и крайний северо-запад Африки. В Туркменистане – повсеместно на пролете, по долинам и оазисам – на гнездовье. Зимует в Африке (к югу от Сахары), Южной и Юго-Восточной Азии.

Образ жизни: пролетает и размножается, придерживается участков с древесно-кустарниковой и тростниковой растительностью – в тугаях речных долин, в горах, оазисах. Появляются в конце апреля или начале мая. Осенний отлет ранний – уже с середины июля, основной пролет – в сентябре. Разгар кукования – вторая половина мая, в начале июля оно прекращается. Откладка яиц – в середине мая. Известно около 150 видов птиц, в гнезда которых эта кукушка откладывает яйца, в Туркменистане их находили в гнездах скотоцерки,

da onuň şalkyguýruk çürlentginiň, gara jakjakyň, gamyş guşlaryň dürli görnüşleriniň (görnüş-leriň sany köp, 15-20-ä golaý) höwürgelerinde ýumurtgasy tapyldy. Ýumurtgalaryň reňki dürli-dürli, aglabasy “terbiýeçi” guşuň ýumurtgasyna çalymdaş. Möwsümde mäkiýany her 1-3 günden, 20-a golaý ýumurtga guzlaýar. Olaryň her biriniň agramy 3 g golaý. Açyk ýerdäki höwürtgelere hem ol ýumurtga guzlaýar. Eger-de höwürtge ýapyk ýerde - agaçlaryň köweklerinde ýerleşýän bolsa, onda ikatýok ýerde guzlap, soňra ýumurtgany çüňki bilen tutup, höwürtgä geçirýär. Mäkiýan guş höwürtgä diňe 1 ýumurtga taşlaýar, käte höwürtgede onuň 2 ýumurtgasy duşýar, bu ýene-de bir ikatýoguň ýumurtga goşandygyny aňladýar. Höwürtgede ýumurtgadan ilkinji ikatýogyň jüýjesi çykýar, ol “terbýeçi” guşuň jüýjesinden tokarrak bolýar. Ikatýoguň jüýjesi 3-4 günüň dowamynda “terbýeçi” guşuň ýumurtgalaryndan çykan jüýjelerini gysyp çykarýar. Öweý guşlar ikatýok jüýjesini uçurym bolandan soň hem iýmitlendirýärler. Uly ikatýoklar, mör-möjekler, olaryň liçinkalary, gurçuklary, tomzaklar, göniganatlylar, uly siňekler we perdeganatlylar bilen iýmitlenýärler. Höwürtgeleýän döwründe käte maýda serçeşekilli guşlaryň ýumurtgalaryny, güýzine az mukdarda miweleri çokýar.

Statusy: amatly bolan ýerde adaty guş.

черного чекана, разных видов камышевок (но число видов больше – около 15-20). Окраска яиц у кукушек разнообразна, их яйца более или менее похожи на яйца птиц-воспитателей. В течение сезона размножения каждая самка сносит около 20 яиц, откладывая их с интервалами в 1-3 дня. Вес яиц – около 3 г. Если гнездо открытое, кукушка откладывает яйцо прямо в него. Когда гнездо скрыто (например, находится в дупле), кукушка откладывает яйцо на землю, а затем в клюве переносит в гнездо. Подбрасывается только 1 яйцо, но иногда в одном гнезде бывает 2 яйца, это значит, что снесены они разными кукушками. Первым в гнезде обычно вылупляется голый кукушонок, который крупнее птенцов хозяев гнезда. В течение 3-4 дней кукушонок выталкивает из гнезда яйца или птенцов птицы-хозяина. Приемные родители кормят кукушонка и после того, как он оставит гнездо. Взрослые кукушки питаются, в основном, насекомыми и их личинками – различными гусеницами, жуками, прямокрылыми, крупными мухами и перепончатокрылыми. В гнездовое время нередко поедают яйца мелких воробьиных птиц. Осенью – в небольшом количестве ягоды.

Статус: в подходящих местообитаниях обычная птица.

### 201. Ker ikatýok – *Cuculus saturatus* – Глухая кукушка

Meýdan alamatlary: adaty ikatýoga örän çalymdaş, ýöne sähelçe kiçiräkdigi, **ganatlarynyň eplenýän ýerindäki ap-ak “aýnajygy”,** şeýlede has garamtyl reňki bilen tapawutlanýar. Horazynyň arka tarapy goýy çal, bokurdagy we döşüniň ýokarky bölegi açyk-çal, döşüniň yzky bölegi we garny kese geçýän garamtyl zolakly. Mäkiýanlary horazlaryna meňzeş, ýöne olaryň garyn tarapyndaky ala ýeri edil bokurdagyndan başlanýar, bokurdagynyň gapdallary we depesi çypar menekli bolýar. Mäkiýanlarynyň käbirleriniň arka tarapy köp sanly goýy çypar menekli, bedeniniň aşagynyň hemme ýerleri garamtyl kese zolakly. Mäkiýanynyň sesi adaty ikatýoguň mäkiýanynyňka çalymdaş we horazynyň saýraýşy basyk sesli “du-du-du…du-du…” – hüýpüpigin sesini ýatladýar. Uzynlygy – 30-32, ganaty – 180-220 mm, agramy – 70-145 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: ganatynyň üstüniň doýgun goýy-çal öwüşginlidigi, bedeniniň aşak tarapynyň has inli zolaklydygy, guýrugynyň aşagynyň sarymtyldygy we ganatlarynyň epilýän ýerinden aşakda ap-ak “aýnajygynyň” bardygy bilen adaty ikatýokdan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi Gündogar Ýewropadan Uzak Gündogara, günorta tarapa Hindihytaýa çenli. Türkmenistanda wagtal-wagtal Amyderýanyň we Murgabyň jülgelerinde duşýar. Indoneziýada, Täze Gwineýada we Awstraliýada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: iýmiti, özüni alyp baryşy we häsiýetleri edil adaty ikatýogyňky ýaly.

Statusy: Türkmenistanda tötänden uçup gelýän ýa-da seýrek uçup geçende duşýan, heniz öwrenilmedik görnüş.

Полевые признаки: очень похожа на обыкновенную, но отличается чуть меньшими размерами **чисто-белым «зеркальцем» у сгиба крыла**, а также более темной окраской. У самцов спинная сторона темно-серая, горло и верхняя часть груди светло-серые, задняя часть груди и брюшко с темными поперечными полосками. Самки схожи с самцами, но пестрины на брюшной стороне у них начинаются от самого горла, на боках горла и затылке бывают рыжие пестрины. Некоторые самки имеют многочисленные темно-ржавые пестрины на спине, а весь низ тела в темных поперечных пестринах. Голос самки, которой похож на голос самки обыкновенной кукушки, и песня самца может быть передана как глуховатое, низкое «ду-ду-ду… ду-ду…», напоминающее голос удода. Длина – 30-32, крыло - 180-220 мм, вес – 70-145 г.

Сходства – отличия: от обыкновенной кукушки отличается более насыщенным темно-серым оттенком верха крыла и более широкими полосами на нижней стороне тела, желтоватым подхвостьем, чисто-белым «зеркальцем» ниже сгиба крыла.

Распространение: гнездовая часть ареала – от Восточной Европы до Дальнего Востока, на юг до Индокитая. В Туркменистане может быть нерегулярно в долинах Амударьи и Мургаба. Зимуют в Индонезии, Новой Гвинее и Австралии.

Образ жизни: питание, поведение и повадки как у обыкновенной кукушки.

Статус: в Туркменистане залетный или спорадически пролетный, неизученный вид.

*Bellik*:

**202.** Türkmenistanyň günorta çetinde, Guşgy derýasynýn suw basýan ýerlerinde, tötänden uçup gelen (1954 ý.) **hüpükli ikatýok – *Clamator glandarius*** görüldi. Onuň iň ýakyn höwürtgeleýän ýeri. Alynky Aziýa. Daşyndan adaty ikatýoga çalymdaş, emma ulurak, ganatlary ak tegmilli we kellesinde häsiýetli hüpügi bolýar, alahekek bilen meňzeşligi bar.

**203**. Häzirki Türkmenabat şäheriniň töwereginde **kiçi ikatýogyň – *Cuculus poliocephalus*** tötänden uçup gelendigi bellendi (1910 ý.), onuň höwürtgeleýän ýakyn ýeri Gimalaý daglary. Beýleki ikatýoklardan ölçeginiň has kiçidigi, guýrugynyň we ganatlarynyň ak tegmilli gara goňurdygy bilen tapawutlanýar.

**204**. 2013-nji ýylyň maý aýynda **aziýa koel ikatýogynyň – *Eudynamys scolopaceus*** Köýtendag jülgesine tötänden uçup geleni bellendi. Ol ölçegleri boýunça adaty ikatýokdan ulurak. Horazlary mahmal ýaly gök-gara ýaşylymtyl öwüşginli. Mäkiýanlarynyň üsti bürünçleş-goňur çypar (mor) menekli, aşagy goňursak-mele menekli. Bu guş Türkmenistan we Orta Aziýa üçin täze görnüş. Onuň arealy bütin Indostan subkontinentini öz içine alýar.

*Примечание*:

**202.** В 1954 году на юге Туркменистана в пойме р. Кушки отмечен залет **хохлатой кукушки – *Clamator glandarius*.** Ближайшие места гнездования вида – Передняя Азия. Эта кукушка похожа на обыкновенную кукушку, но крупнее, и с белыми пестринами на крыле и характерным хохлом на голове. Чем-то схожа с сорокой.

**203.** В районе современного Туркменабада отмечался (1910 г.) залет **малой кукушки – *Cuculus poliocephalus***, ближайшие места гнездования которой – Гималаи. От других кукушек заметно отличается малым размерами. Хвост и крылья - черно-бурые с белыми пятнами.

**204.** В мае 2013 г. в долине Койтендарьи была встречена залетная птица – **азиатский коэль – *Eudynamys scolopaceus.*** Это новый для Туркменистана и Средней Азии вид, ареал которого охватывает весь субконтинент Индостана. Размером – крупнее обыкновенной кукушки. Самцы – бархатисто-сине-чёрные с зеленоватым отливом. Самки сверху бронзово-коричневые с рыжими пестринами, а снизу – беловатые с буровато-коричневыми пятнами.

## BAÝGUŞŞEKILLILER – *STRIGIFORMES* – СОВООБРАЗНЫЕ

Esasan, gijesine gezýän, maýda ölçeglerden ula çenli bolan ýyrtyjy guşlar otrýady. Ganatlary inli, tegelenen, guýrugy gysga, ýelek örtügi gür, aralary açygrak we ýumşak. Aýaklary, adatça, dyrnaklaryna çenli ýelek örtükli. Çüňki gysga, üstki çüňki aşaklygyna ýiti gaňyrçak bolup egrelen, düýbi derijik örtükli. Aýaklary kuwwatly, dyrnaklary ýiti uçly we birden egrelen. Kellesi uly, gözleriniň nazary öne gönügen, maýdajyk ýelejiklerden ýüzi tegelek gabalan. Baýguş şekillileriň köpüsiniň gulagynyň üstünden ýörite ösen ýelek dessejigi (“gulajyk”) ýokaryk çýkýar. Uçuşy köpugrly we sessiz, oňat ösen görüş we eşidiş organlaryndan peýdalanyp, gijesine olaryň kömeginde pidasyny gözleýär we yzarlap awlaýar. Giň ýaýran, tundradan tropik tokaýlyklaryna we çöllüklere çenli. Köpüsi oturymly ýaşaýar. Monogam, aýratyn jübüt bolup, köweklerde, jaýryklarda, hinlerde we beýleki buky ýerlerde höwürtgeleýärler. Haýwan iýmiti, esasan-da, oňurgaly haýwanlar – syçanşekilli gemrijiler we başgalar bilen iýmitlenýärler. Dünýäde 133 görnüş, Türkmenistanda olaryň bir maşgalasyna degişli häzirki baýguşlardan 9 görnüşi duşýar (*Strigidae*).

Отряд хищных птиц от крупных до мелких размеров, ведущие, в основном, ночной образ жизни. Крылья широкие, закругленные, хвост короткий, оперение густое, рыхлое и мягкое. Лапы обычно оперены до когтей. Клюв короткий, надклювье загибается вниз острым крючком, основание его покрыто кожицей. Ноги сильные, когти острые и круто загнуты. Голова большая, глаза направлены вперед, как правило, окружены лицевым диском из мелких перышек. У многих сов над ушами специфические торчащие пучки перьев («уши»). Полет маневренный и бесшумный, что помогает выслеживанию добычи, которую птицы отыскивают, пользуясь как зрением, так и хорошо развитым слухом. Распространены широко – от тундр до тропических лесов и пустынь. Большинство оседлые. Моногамы, гнездятся отдельными парами в дуплах, расщелинах, норах и других укромных местах. Питаются животной пищей, в основном, позвоночными животными – мышевидными грызунами и др. В мире 133 вида, из которых в Туркменистане – 9 видов одного семейства – совиные (*Strigidae*).



### 205. Sykylykçy hüwüjik – *Otus scops* – Сплюшка

<u>Meýdan alamatlary:</u> tegelek ýüzi doly däl we kiçijek ýelek “gulajykly” maýda hüwüjik. Ýelek örtüginiň umumy reňki goňurrak-çal. Arka tarapynyň reňki poslyrak-çaldan tä goňurrak-çypar reňke çenli. Ganatlary goňur. Guýrugy çalymtyl-goňur. Garyn tarapy ýagty anyk dik menekli. **Aýaklary barmaklaryna çenli ýelek örtükli.** Mäkiýanlary horazlaryndan ulurak. Çüňki garamtyl-şah reňkli. Gözleri sary. Sesi mylaýym owazly – “splýu-ýu”, “splýu-ýu”, onuň köp gezek gaýtalanmagy mümkin. Uzynlygy 200-220, ganaty 140-160 mm, agramy 80 g golaý.

<u>Meňzeşlikleri-tapawutlary</u>: **reň-**

<u>Полевые признаки</u>: мелкая сова с неполным лицевым диском и маленькими перьевыми «ушками». Общий тон окраски оперения коричневато-серый. Спинная сторона – от ржавчато-серых до буро-рыжих тонов. Крылья бурые. Хвост серовато-бурый. Брюшная сторона светлей, с более четкими продольными пестринами. **Ноги оперены до пальцев**. Самки крупнее самцов. Клюв темно-роговой. Глаза желтые. Голос – мелодичное «сплю-ю», «сплю-ю», которое может повторяться многократно. Длина – 200-220, крыло – 140-160 мм, вес –

**kiniň has ýagtydygy we söbüginiň ýelek örtüklidigi (barmaklary ýelek örtükli däl) bilen melemtil sary hüwüjikden tapawutlanýar.**

Ýayran ýerleri: Günorta we Gündogar Ýewropa, Günorta Sibir, Altaý, Orta we Kiçi Aziýa. Orta Aziýanyň gündogar we günortasynda dag etekleri, pes daglyk we daglyk zolaklaryň hemme ýerlerinde ýaşaýar. Türkmenistanda Uly Balkanda, Köpetdagda, Köýtendagda. Afrikanyň tropik zolaklarynda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän görnüş. Ýazyna aprelde, güýzüne – sentýabrda uçup geçýär. Daglaryň jülgelerinde we beýleki garaňkyrak ýerlerinde höwürtgeleýär. Agaçlaryň köweklerinde, seýregräk gaýalaryň tekjelerinde ýumurtga goýýar, şeýle-de alahekegiň köne höwürtgelerini ulanýar. Maý aýynyň soňunda 2-6 sany ak reňkli ýumurtgalary goýýar, ölçegleri - 25-28 x 30-33 mm. Gündizine, adatça agajyň sütünine gysylyp oturýar we iňrik garalyp, gowy garaňky düşenden soň awa çykýar. Mör-möjekler, syçanşekilli gemrijiler we maýda guşlar bilen seýregräk iýmitlenýär.

Statusy: az göze ilýän görnüş, uçup geçende adaty we höwürtgelänlerinde köp sanly däl.

около 80 г.

Сходства – отличия: **от буланой совки отличается более яркой окраской и оперенной цевкой (пальцы перьями не прикрыты).**

Распространение: Южная и Восточная Европа, Южная Сибирь, Алтай, Средняя и Малая Азия. В Средней Азии обитает на востоке и юге – по всему поясу предгорий, низкогорий и гор. В Туркменистане – Большие Балханы, Копетдаг, Койтендаг. Зимует в тропических областях Африки.

Образ жизни: пролетный, гнездящийся вид. Весенний пролет – в апреле, осенний – в сентябре. Гнездится в горах по ущельям и другим затененным местам. Яйца откладывает в дуплах деревьев, реже в нишах по обрывам, использует также старые сорочьи гнезда. Кладка из 2-6 белых яиц, в конце мая, размеры – 25-28 х 30-33 мм. Охотится после наступления темноты. Днем обычно сидит, прижавшись у ствола дерева. Питается насекомыми, реже ловит мышевидных грызунов и мелких птиц.

Статус: малозаметный вид, обычный на пролете и немногочисленный на гнездовье.

### 206. Melemtil sary hüwüjik – *Otus brucei* – Буланая, или пустынная совка

Meýdan alamatlary: ýelek “gulajykly” kiçi hüwüjik. Arka tarapy inçejik we insiz menekli sarymtyl-çalymtyl-çäge reňkli. Ganatlary goýygoňur. Guýrugy çägereňk-çal. Çüňki garamtyl-şah rehkli, üstki çüňküniň ortasy sarymtyl. Gözleri sary. Sesi basyk we soddyrylan - “kuuu”, guş ony uzak gaýtalaýar. Uzynlygy – 200-220, ganaty – 150-170 mm, agramy - 100 g golaý.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: **reňkiniň solgundygy we söbüginiň ýelek örtüklidigi (barmaklarynyň düýbüni hem ýelekler ýapýar) bilen sykylykçy hüwüjikden tapawutlanýar.**

Ýayran ýerleri: höwürtgeleýän ýerleri Arabystany, Ýakyn Gündogary, Alynky we Orta Aziýany öz içine alýar. Orta Aziýada–günorta Aral deňzinden guňdoraga Fergana jülgesine çenli. Türkmenistanda–Amyderýanyň, Murgap, Tejen derýalarynyň julgelerinde we Köpetdagyň eteginiň käbir ýerlerinde. Arealynda höwürtgeleýän ýerleriniň günorta böleginde we Demirgazyk Hindistanda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän guş. Ýazyna martyň soňunda we aprelde uçup gelýär, sentýabryň başynda uçup gidýär. Derýalaryň jülgelerinde (jeňňellikde) we oazislerde mesgen tutýar. Adatça, köweklerde höwürtgeleýär, alahekegiň köne höwürtgelerinden ýygy-ýygydan peýdalanýar. Aprel-maýda 4-6 sany ak reňkli ýumurtgalary goýýar, ölçegleri 25.5-29.5 x 26-34 mm. Gijesine gezýän guş. Pidasyny uçup barýarka ýerden ýa-da şahalaryň üstünde tutýar. Mör-möjekler, syçanşekilli gemrijiler we maýda guşlar bilen iýmitlenýär.

Statusy: az göze ilýän, seýrek görnüs.

Полевые признаки: мелкая сова с перьевыми “ушками”. Спинная сторона желтовато-серовато-песочная с тонким крапом и узкими пестринами. Крылья темно-бурые. Хвост песочно-серого цвета. Клюв темно-роговой с желтоватой срединой надклювья. Глаза желтые. Голос – глухое и протяжное «кууух-кух», которое птица повторяет долго. Длина – 200-220, крыло – 150-170 мм, вес – около 100 г.

Сходства – отличия: **от сплюшки отличается блеклой окраской и оперением цевки (оперением прикрыты и основания пальцев).**

Распространение: область гнездования охватывает Аравию, Ближний Восток, Переднюю и Среднюю Азию. В Средней Азии – к югу от Аральского моря на восток до Ферганской долины. В Туркменистане – в долинах Амударьи, Мургаба, Теджена и местами в предгорьях Копетдага. Зимует в южных частях гнездовой области своего ареала и в Северном Индостане.

Образ жизни: прилетная, гнездящаяся птица. Весенний прилет – в конце марта и апреле, отлет – в начале сентября. Населяет долины рек (в тугаях) и оазисы. Гнезда обычно в дуплах, часто использует старые гнезда сорок. Кладка из 4-6 белых яиц, в апреле-мае, размеры – 25.5-29.5 х 26-34 мм. Ночная птица. Добычу ловит в полете на земле или на ветвях. Питается насекомыми, мышевидными грызунами и мелкими птицами.

Статус: малозаметный, редкий вид.

### 207. Hüwi – *Bubo bubo* – Филин

Meýdan alamatlary: **“gulaklary” oňat ösen örän uly hüwi.** Arka tarapynyň umumy reňki ala. Reňki has garadan açyk reňke çenli üýtgeýär,

Полевые признаки: **очень крупная сова с хорошо развитыми «ушами»**. Общая окраска спинной стороны пестрая. Окра-

aýratyn-da, garyn tarapy sarymtyl-ak diýen ýaly. Böwürleri we garnynynda insiz dikligine geçen garamtyl reňkli menekler bolýar. Aýaklary dyrnaklaryna çenli ýelek örtükli. Gözi gyzylymtyl-mämişi reňkli. Horazlary, mäkiýanlary we ýaş guşlar birmeňzeş reňkli. Sesi sogdurylan "u-huu-t". Uzynlygy - 620-720, ganaty – 410-550 mm, agramy - 2.1-3.2 kg.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: ölçeginiň örän uludygy we anyk görünýän "gulagy" bilen beýleki hüwilerden tapawutlanýar.

Ýayran ýerleri: Ýewraziýanyň, demirgazyk we günorta çäklerinden galan ýerlerinde, Demirgazyk-Günbatar Afrika. Orta Aziýada we Türkmenistanda hemme ýerlerde duşýar.

Ýaşaýşy: oturymly görnüş. Dürli landşaftlarda mekan tutýar, oňa hemme ýerde duşmak mümkin, emma adamsyz ýerleri saýlap alýar. Gaýalaryň eginlerinde, jarlarda, harabaçylyklarda, gum gaýalaynyň aşagynda höwürtgeleýär. Höwürtgesi kiçiräk çukurjyk, seýrek ýyrtyjy guşlaryň höwürtgesini peýdalanýar. Aprelde 2-3 sany ak reňkli ýumurtgalary guzlaýar, ölçegleri 46-49 x 54-59 mm. Pidasyny uçup barýarka synlaýar ýa-da buky ýerde amatly wagt bolýança garawullap oturýar. Dürli haýwanlar bilen iýmitlenýär (towşanlar, kirpiler, ördekler, syçanşekilli gemrijiler, maýda serçeşekilli guşlar).

Statusy: az sanly, endigan däl ýaýrawda duşýan guş, goraga alynmagy zerur.

ска варьирует от очень темной до светлой, почти сливочно-белой, особенно на брюшной стороне. На боках и брюхе тонкие продольные пестрины темного цвета. Лапы оперены до когтей. Глаза красновато-оранжевые. Самцы, самки, молодые окрашены одинаково. Полет медленный, бесшумный, обычно низко над землей. Голос – протяжное «у-хуу-ть». Длина – 620-720, крыло – 410-550 мм, вес 2.1-3.2 кг.

Сходства – отличия: от других сов отличается очень крупными размерами и хорошо заметными «ушами».

Распространение: Евразия, за исключением северных и южных областей, Северо-Западная Африка. В Средней Азии и Туркменистане – повсеместно.

Образ жизни: оседлый вид. Обитатель различных ландшафтов, его можно встретить повсюду, однако, селится в безлюдных местах. Гнездится в нишах скал, оврагах, развалинах, под обрывами. Гнездо – небольшая ямка, реже используются гнезда хищных птиц. Кладка в апреле из 2-3 белых яиц, размеры – 46-49 х 54-59 мм. Добычу высматривает в полете или подстерегает, сидя в укромных местах. Питается различными животными – зайцы, ежи, утки, мышевидные грызуны, мелкие воробьиные птицы.

Статус: немногочисленный вид с неравномерным распространением, нуждается в охране.

## 208. Ak hüwi – *Bubo scandiaca* – Белая сова

Meýdan alamatlary: örän uly hüwi. **Ýelek örtügi ak**, horazynyň kellesi, mäkiýanlarynyň bolsa, arkasy we garyn tarapy seýrek garamtyl menekli. Ýaş guşlaryň diňe ýüz tegelegi ak. **Aýaklary doly ýelek örtükli, dyrnagy gara reňkli.** Gözi ýagty-sary. "Gulagy" ösmedik.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: reňkiniň akdygy bilen beýleki hüwülerden oňat tapawutlanýar.

Ýayran ýerleri: Ýewraziýanyň we Amerikanyň demirgzyk çetleri. Türkmenistanda gyşyna dürli ýerlerde, köplenç düzlük giňişliklerde gabat gelýär.

Ýaşaýşy: tundrada ýaşaýar, oturmly, bölekleýin göçüp-gönýan görnüş, gyş döwründe hüwüler iýmit gözleginde günorta tarap, sähralyga, hatda çöllük zolaga çenli göçüpgonýar. Gemrijiler we guşlar bilen iýmitlenýär.

Statusy: tötänden uçup gelýän seýrek guş, bizde diňe gyşyna, ondada adatdan daşary sowuk gyşlarda gabat gelýär.

Полевые признаки: очень крупная сова. **Оперение белое**, у самца с редкими темными пестринами на голове, у самок на спине и брюшной стороне. У молодых птиц белый только лицевой диск. **Лапы оперены полностью, когти черного цвета**. Глаза ярко-желтые. «Уши» не развиты.

Сходства – отличия: от других сов хорошо отличается белой окраской.

Распространение: крайний север Евразии и Америки. В Туркменистане может быть встречена зимой в разных местах, преимущественно на равнинах.

Образ жизни: обитатель тундры, оседлый, частично кочующий вид, в зимнее время в поисках кормов эти совы совершают кочевки на юг, порой до зоны степей и даже пустынь. Питаются грызунами и птицами.

Статус: редкая залетная птица, которая у нас может появляться только зимой, особенно в необычно холодные годы.

## 209. Baýguş – *Athene noctua* – Домовый сыч

Meýdan alamatlary: sardan sähelçe ulurak, uly bolmadyk ölçegdäki baýguş. Arka tarapy açyk goňur ýa-da çäge reňkli, has uly bolmadyk togalak kellesi **ýagty dik menekli**, egnindäki ýeleklerde şöhlelenýän ak tegmiller tegelenip görünýär. Garyn tarapy dik geçen nagyşly goňur ak. **Ýüz tegelegi doly däl aşaky bölegi boýnunyň ýelekleri bilen goşulýar.** Ganatlary çalymtyl uçly goňur. Guýrugy hem goňur bolup, sarymtyl-agymtyl zolakly. Çüňki sary, dyrnaklary gara. Ýaş guşlar ulularyna çalymdaş, ýöne goňur reňk çalymtyl öwüşginli. Howp abananda birnäçe üýtgeme hereketlerini edýär – aýaklaryny uzadýan ýaly

Полевые признаки: сова небольшого размера, чуть крупнее скворца. Спинная сторона светло-бурая или песочная, на относительно небольшой, круглой голове – **светлые продольные пестрины**, на плечевых перьях просвечивают округлые белые пятна. Брюшная сторона белая с бурым продольным рисунком. **Лицевой диск неполный – нижняя часть сливается с оперением шеи**. Крылья бурые с сероватыми концами. Хвост тоже бурый с рыжевато-беловатыми полосками. Клюв желтый, когти черные. Молодые очень похожи на взрослых, но бурый цвет

görnüşde göwresini galdyryp, ýenede oturýar, şondan soň ol uçup gidýär. Uçuşy tolkunşekilli, çalt. Sesi, adatça "kuu-it, kuu-it, kuu-it" ýiti. Uzynlygy – 230-280, ganaty – 149-180 mm, agramy - 160-180 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: öz ölçegindäki baýguşlardan barmaklarynyň ýelek örtüklidigi we "gulaklarynyň" ýokdygy bilen tapawutlanýar.

Ýayran ýerleri: Orta we Günorta Ýewropa, Demirgazyk Afrika, Alynky we Orta Aziýa, gündogara Hytaýa, Koreýa çenli. Orta Aziýada we Türkmenistanda hemme ýerlerde, daglarda 2-2,5 müň m ýokary bolmadyk ýerlerde mekan tutýar.

Ýaşaýşy: oturymly guş. Dürli landşaftlarda ýaşaýar. Köplenç açyk ýerleri eýeleýär, ýygy-ýygydan oazislerde duşýar. Gum gaýalaryndaky hinlerde, gowaklarda, dag gaýalaynyň köweklerinde, gurlup taşlanan ýa-da bozulyp üçegi alynmadyk jaýlarda höwürtgeleýär. Gum gaýalarynda guşlaryň özleri hem hin gazynmaga ukyplydyr. Martyň soňunda – aprelde 4-8 sany ak reňkli ýumurtga guzlaýar, ölçegleri - 26-30 x 31-36 mm. Apreliň ahyrynda-maýda jüýjeleri çykýar. Maýda gemrijiler, guşlar (serçeler, torgaýlar) bilen iýmitlenýär, şeýle-de suwulganlary we mör-möjekleri tutýar. Diňe bir alagaraňkyda däl, eýsem, gündizine hem aw edýär. Telegraf sütünlerinde we beýik tümmekleriň üstünde ýygy-ýygydan dynç alýar, şonuň üçin ol beýleki baýguşlara görä köp görünýär.

Statusy: adaty görnüş. Gemrijileri köp awlaýan guş hökmünde goralmaga mynasyp. Baýguş adamlaryň ýaşaýan ýerlerinde duşup, betbagytlyk getirýär diýen yrymlar esassyzdyr.

с сероватым оттенком. При опасности может сделать несколько резких движений, как бы вытянуться на ногах и тут же присесть, после чего улетает. Полет быстрый волнообразный. Голос – обычно резкое «куу-ить, куу-ить, куу-ить». Длина – 230-280, крыло – 149-180 мм, вес – 160-180 г.

Сходства – отличия: от других сов своего размера отличается оперенными пальцами и отсутствием «ушей».

Распространение: Средняя и Южная Европа, Северная Африка, Передняя и Средняя Азия, на восток – до Китая, Кореи. В Средней Азии и Туркменистане обитает повсеместно, в горах не выше 2-2.5 тыс. м.

Образ жизни: оседлая птица. Обитатель различных ландшафтов. Населяет, преимущественно, открытую местность, часто встречается в оазисах. Гнездится в норах и пещерах, расположенных в обрывах, в промоинах и скалах, в заброшенных или разрушенных зданиях, на чердаках. Способен сам делать норы в глинистых обрывах. Кладка из 4-8 белых яиц в конце марта – апреле. Размеры яиц – 26-30 х 31-36 мм. Птенцы – в конце апреля и в мае. Питается мелкими грызунами, птицами (воробьи, жаворонки), ловит также ящериц и насекомых. Охотится не только в сумерках, но иногда днем. Часто отдыхает на телеграфных столбах и возвышенных местах, поэтому, по сравнению с другими совами более заметен.

Статус: обычный вид. Как птица, истребляющая грызунов, заслуживает охраны. Поверье, что она приносит несчастье, поселяясь рядом с человеком, лишено оснований.



### 210. Çalymtyl hüwi – *Strix aluco (nivicola)* – Серая неясыть

Meýdan alamatlary: orta ölçegdäki, gysga guýrukly hüwi (gargadan ulurak). **Kellesi uly, "gulagy" ýok.** Ýokarsy kese garamtyl-goňur, ala nagyşlanan we gowşak çypar öwüşginli ýelek örtügi agymtyl. Aşagynyň ýelek örtügi edil şonuň ýaly reňkli, ýöne tolkunşekilli görnüşde we kese geçýän zolaklary köp; çypar ýokundylary has aýdyň görünýär. Aşaky tarapy tutuşlygyna agymtyl öwüsýär. Aýaklarynyň ýelek örtügi kese açyk-agymtyl zolakly. Guýrugy goňur bolup, çypar, agymtyl-çal we garamtyl-goňur kese zolakly we tegmilli. Mäkiýany horazyndan ulurak. Çüňki gögümtil-şah sypatly bolup, gapdaly we depesi sary, dyrnagy şah reňkli. **Gözleri gara.** Sesi "kuwii-kuwii-kuwii". Ganaty – 294-332 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: otagaly we batga hüwülerden "gulagynyň" ýokdygy, **çüňküniň sary we gözleriniň garadygy** bilen tapawutlanýar.

Ýayran ýerleri: Ýewropa, Afrikanyň demirgazyk-günbatar bölegi, Aziýada gundogara Gündogar Hytaýa we Koreýa çenli. Orta Aziýada daglyklarda gabat gelýär, Türkmenistanda Günbatar Köpetdagda we Köýtendagda duşýar.

Ýaşaýşy: oturymly görnüş. Onuň halaýan ýeri dag jülgeleriniň uçut gaýaly we gür ösen agaçdyr, gyrymsy agaç ösümlikli ýerler. Gijesine gezýän guş. Agaçlaryň köweklerinde höwürtgeleýär. Aprelde 2-6 sany togalak ak reňkli ýumurtga goýýar, ölçegleri - 36-39 x 45-50 mm. Bir hö-

Полевые признаки: сова средних размеров (крупнее вороны), с коротким хвостом. **Голова большая, без «ушей»**. Сверху оперение беловатое с темно-бурым поперечным и пятнистым рисунком и с легким рыжим оттенком. Снизу оперение имеет примерно такой же, но волнистый рисунок и большое число поперечных полосок; рыжеватый налет выражен сильнее. Весь низ выглядит беловатым. Оперение ног – с бледно-беловатыми поперечными полосками. Хвост бурый с рыжими, беловато-серыми и черно-бурыми поперечными полосками и пятнами. Самка крупнее самца. Клюв синевато-роговой с желтым ребром и вершиной, когти рогового цвета. **Глаза черные**. Голос – «кувии-кувии-кувии». Крыло – 294-332 мм.

Сходства – отличия: от ушастой и болотной сов отличается отсутствием «ушей», **желтым клювом и черными глазами**.

Распространение: Европа, северо-западная часть Африки, в Азии на восток – до Восточного Китая и Кореи. В Средней Азии встречается в горных районах, в Туркменистане – в Западном Копетдаге и Койтендаге.

Образ жизни: оседлый вид. Места обитания – заросшие горные ущелья с крутыми склонами и древесно-кустарниковой растительностью. Ночная птица. Гнездится в дуплах деревьев. Откладка яиц – в апреле. В кладке 2-6 круглых белых

würtgede jüýjeleriň dürli ýaşda bolmagy mümkin. Syçanşekilli gemrijiler bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sanly, bizde gowşak öwrenilen görnüş.

яиц, размеры – 36-39 x 45-50 мм. Птенцы из одного гнезда бывают разного возраста. Питается мышевидными грызунами.

Статус: немногочисленный, плохо изученный у нас вид.

---

**211.** *Bellik*. Türkmenistanyň günorta-günbatar çetinde, Esengulyda (1942 ý.) we Merkezi Köpetdagda (1983 ý.) boguk hüwiler *Tytonidae* maşgalasyndan **boguk hüwiniň – *Tyto alba*** tötänden uçup gelendigi bellendi. Bu görnüşiň iň ýakyn ýaşaýan we höwürtgeleýän ýeri Mesopotamiýa. Onuň ýürekşekilli süýnmek ýüz tegeleginiň gözine ýakyn ýerleriň poslurak-goňur reňklidigi we gyralarynyň ýylmanak-akdygy, aýaklarynyň uzyndygy, şeýle-de gulak ýaly uzalan ýelekleriniň ýokdygy bilen beýleki hüwülerden tapawutlanýar.

**211.** *Примечание*. На крайнем юго-западе Туркменистана, у Эсенгулы (1942 г.) и в Центральном Копетдаге (1983 г.) были отмечены залеты **сипухи – *Tyto alba*** – представителя семейства сипуховых *Tytonidae*. Ближайшее место обитания и гнездования данного вида – Месопотамия. Эта птица отличается от других сов своим вытянутым сердцевидным лицевым диском ржаво-коричневого цвета у глаз и атласно-белым по краю, длинными лапами, а также отсутствием удлиненных ушных перьев.

## 212. Otagaly hüwi – *Asio otus* – Ушастая сова

Meýdan alamatlary: orta ölçeglerdäki hüwi. **Gulak ýelekleriniň dessejiginiň uzyndygy** oňat görünýär. Ýelek örtügi çypar we goňur reňkli ala. Ýüz tegelegi çalymtyl. **Çüňküniň töweregi ýarymhalka görnüşde. Gözüniň üsti gara tegmilli.** Ganatlary köpsanly garamtyl-çal menekli. Aşagy dik uly menekli çypar reňkli. Çüňki we dyrnaklary gara. Ýaş guşlaryňky garamtylrak reňkli. Sesi «hu-huu» basyk ýa-da «u-u-u» gaýgyly we beýleki sesler. Uzynlygy – 350-390, ganaty – 270-300 mm, agramy - 240-330 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: gulaklarynyň uzyndygy we böwürleriniň insiz kese nagyşlydygy bilen batga hüwüsinden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Ýewraziýa demirgazyga tokaý zolagynyň aňryçägine çenli, gündogara Ýaponiýa, günorta – Alynky, Orta we Merkezi Aziýa çenli, Gimalaý daglary, Demirgazyk we Günbatar Afrika, Demirgazyk Amerika. Türkmenistanda derýalaryň jülgelerinde, oazislerde we dagetek giňişliklerinde duşýar, uçup geçende giň ýaýran. Beýan edilen arealynyň günorta böleklerinde gyşlaýar.

Ýaşaýşy: höwürtgeleýär, uçup geçýär we gyşlaýar. Ýazyna mart-aprelde, güýzine – oktýabr-noýabrda uçup geçýär. Gargalaryň, gündizki ýyrtyjy guşlaryň köne höwürtgelerinde, seýrek agaçlaryň köweklerinde höwürtgeleýär. Aprelde 5-6 sany ak reňkli ýumurtga guzlaýar. Güýzüne ýygy-ýygydan 15-20 we ondan-da köp bolup, toparlara ýygnanýarlar. Gije gezýän guş. Syçanşekilli gemrijiler, seýrek guşlar bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sanly, ýetyerlik öwrenilmedik görnüş.

Полевые признаки: сова средних размеров. Хорошо заметны **длинные ушные пучки перьев**. Оперение пестрое с рыжими и бурыми тонами. Лицевой диск сероватый. **У клюва белое полукольцо. Над глазами черные пятна**. Крылья с многочисленными темносерыми пестринами. Низ ржавчатого цвета с крупными продольными пестринами. Клюв и когти черные. У молодой птицы верх тела окрашен темнее. Голос – глухое «ху-хуу» или жалобное «у-у-у» и другие звуки. Длина – 350-390, крыло – 270-300 мм, вес – 240-330 г.

Сходства – отличия: от болотной совы отличается длинными «ушами».

Распространение: Евразия, к северу до пределов лесной зоны, на восток до Японии, к югу – Передняя, Средняя и Центральная Азия, Гималаи, Северная и Западная Африка, Северная Америка. В Туркменистане встречается по долинам рек, в оазисах, и предгорьях, на пролете шире. Зимует в южных частях описанного ареала.

Образ жизни: гнездится, пролетает и зимует. Весенний пролет – в марте-апреле, осенний – в октябре-ноябре. Гнездится в старых гнездах других птиц – врановых, дневных хищников, реже в дуплах деревьев. Кладка с конца апреля, из 5-6 яиц белого цвета. Осенью часто собираются в группы по 15-20 и более особей. Ночная птица. Питается мышевидными грызунами, реже птицами.

Статус: немногочисленный, недостаточно изученный вид.

## 213. Batga hüwüsi – *Asio flammeus* – Болотная сова

Meýdan alamatlary: orta ululykdaky hüwi. Sarymtyl reňki jynsyna, ýaşyna we möwsümine baglylykda üýtgeýär. Arkasyndaky ýelekleri agymtyl ýa-da çyparrak jähekli. Garyn tarapy açyk reňkli bolup, garamtyl sütünşekilli menekli. **Gözüniň töweregi garamtyl halkaly. “Gulagy” çala görünýär.** Çüňki we dyrnaklary gara. Uçanynda **ganatlarynyň epinlerinde garamtyl menekler oňat saýgardýar.** Āwmān uçýar. Uzynlygy – 340-423, ganaty – 281-335 mm, agramy – 320-430 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: “gulaklarynyň” gysgadygy we böwürlerinde kese çyzyklaryň ýokdugy bilen otagaly hüwüden tapawutlanýar.

Полевые признаки: сова средних размеров. Желтоватая окраска изменчива в зависимости от пола, возраста и сезона. Перья на спине бурые с беловатыми или рыжеватыми каемками. Брюшная сторона светлая с темными стержневыми пестринами. **Вокруг глаз темные кольца**. **«Уши» едва заметны**. Клюв и когти черные. В полете **на сгибе крыла хорошо заметны темные пятна**. Полет неторопливый. Длина – 340-423, крыло – 281-335 мм, вес – 320-430 г.

Сходства-отличия: от ушастой совы отличается короткими «ушами» и отсутствием поперечной штриховки на боках.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi – Ýewraziýanyň hemme ýerleri we Demirgazyk Amerika, Günorta Afrika, Günorta Amerikanyň käbir ýerleri. Günorta Yewropada, Alynky, Orta we Günorta-Gündogar Aziýada, Afrikada gyşlaýar. Orta Aziýada we Türkmenistanda dürli landşaftlarda duşýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän we gyşlaýan görnüş. Açyk landşaftlarda – otluk çemenliklerde, kölleriň kenarýakalarynda, oazislerde ýaşaýar. Ýazyna martdan apreliň başyna çenli, güýzüne – oktýabrda uçup geçýär. Gündizine aw edýär. Gemrijiler, käte maýda guşlary awlap iýmitlenýär.

Statusy: az sanly, käbir ýerlerde adaty guş, emma ýaýraýşy endigan däl.

Распространение: гнездовая часть ареала – почти вся Евразия и Северная Америка, Южная Африка, местами в Южной Америке. Зимует в Южной Европе, Передней, Средней и Юго-Восточной Азии, Африке. В Средней Азии и Туркменистане встречается в различных ландшафтах.

Образ жизни: пролетный и зимующий вид. Населяет открытые ландшафты – пойменные луга, побережья озер, оазисы. Весенний пролет – в марте и до начала апреля, осенний – в октябре. Охотится в дневное время. Питается грызунами, иногда ловит мелких птиц.

Статус: немногочисленная, местами обычная птица, но распространена неравномерно.

## GÜNDIZKÖRŞEKILLILER – *CAPRIMULGIFORMES* – КОЗОДОЕОБРАЗНЫЕ

Ganatlary we guýrugy uzyn, ýumşak we gowşak, ýelek örtügi gözilginç bolmadyk penalaýjy reňke boýalan maýda we orta ululykdaky guşlar otrýady. Kellesi uly, boýny gysga, aşaklygyna sähelçe egmek kiçijek çüňkli, emma agyz kesimi örän uly we ernininiň gyralary gylşekilli ýelejikler we gatan gyljagazlar bilen parawuzlanan. Agyz kesiminiň giň bolmagy, howada uçup barýarka pidasyny awlamagy bilen bagly. Gözleri alagaraňkyda we gijesine uçup aw edýändigi sebäpli, beýleki guşlaryňka görä has uly we öňe tarap seredýär. Aýaklary gysga, barmaklary gowşak. Olaryň ýelek örtüginiň ýumşak bolmagy baýguşlara çalym edýär. Giň ýaýran, olar ýer togalagynyň hemme ýerlerinde gabat gelýärler, diňe polýar sebitlerinde duşmaýar. Gündizkörler monogam. Özleri hususy höwürtge gurmaýarlar. Köweklerde, köplenç açyk ýerdäki çukurlarda ýumurtga guzlaýarlar. Jüýjeleriniň ösüşi etene we enesiniň yzyna eýerýän, jüýje tipli guşlaryň aralygynda bolýar, ýagny ýmurtgadan jüýjeleri gözleri açyk çykýar we görnüşleriniň köpüsiniň jüýjeleriniň daşy gür gysgajyk sütük ýelekler bilen örtülen bolýar. Jüýjeleri iýmiti kabul edende, uly guşlaryň çüňkini daşyndan öz çüňki bilen gabap alýar. Ganatlaryna galyp, uçurym bolýançalar olary ene-atalary iýmitlendirýärler. Bizde duşýan görnüşler gyşlamaga günorta tarap uçup gidýärler. Iýmiti mör-möjekler, olary howada uçup barýarkalar tutýar. Otrýad 5 maşgalada 93 görnüşi jemleýär, Türkmenistanda olaryň 2 wekili gündizkörler maşgalasyndan *(Caprimulgidae).*

Отряд мелких и средних по величине птиц с длинными крыльями и хвостом, мягким, рыхлым, не броским – покровительственно окрашенным оперением. Большая голова, короткая шея, клюв маленький, слегка загнутый вниз, но разрез рта очень большой и обрамлен длинными волосовидными перьями и щетинками. Наличие широкого разреза рта связано с добыванием пищи на лету, в воздухе. Глаза довольно крупные в связи с сумеречным и ночным образом жизни, они больше, чем у других птиц, направлены вперед. Ноги короткие, пальцы слабые. Наличием рыхлого оперения несколько напоминают сов. Распространены широко, они встречаются во всех странах света, в полярных районах отсутствуют. Козодои – моногамные птицы. Настоящих гнезд не делают. Яйца откладывают в дуплах, чаще открыто – в ямку на земле. Развитие птенцов – по промежуточному между птенцовым и выводковым типам, т.е. птенцы вылупляются зрячими и у большинства видов бывают покрытыми густым коротким пухом. Птенцы получают корм от родителей, охватывая своим клювом клюв взрослой птицы. Родители выкармливают их, пока они не становятся способными к полету. На зиму наши виды отлетают на юг. Пища – насекомые, которых они ловят на лету. Отряд включает 5 семейств, объединяющих 93 вида, из которых в Туркменистане – 2 представителя из семейства козодоевые (*Caprimulgidae*).

### 214. Adaty gündizkör – *Caprimulgus europaeus* – Обыкновенный козодой

Meýdan alamatlary: ölçegleri kepderiden maýda. Arka tarapy has garamtyl menekli - goňurrak-çal we garamtyl dikligine geçýän zolakly, şeýle-de köpräk ýa-da azyrak çypar öwüşginli. Garyn tarapy sarymtylgyzgylt-goňur bolup, garamtylrakgoňur kese geçýän inçejik zolakly. **Bokurdagynyň gapdallary ak tegmilli. Horazlarynyň ganatlarynyň ujunyň üstünde hem ak tegmiller, sönuň ýaly ak tegmiller uzyn guýrugynyň gapdallarynda-da bolýar.** Mäkiýanlary horazlaryndan biraz maýda. Iňrik - gije guşlary, gündizine (ýerde ýa-da agaçlaryň şahalarynda) galman oturýar, iňrik garalandan sessiz howada ýa-da suwuň üstünden uçýarlar. Tekiz uçmaýar, ýygy-ýygydan ugryny birden

Полевые признаки: размеры мельче голубя. Спинная сторона буровато-сероватая с более темными пестринами и с черноватыми продольными полосами, а также с более или менее развитым рыжеватым оттенком. Брюшная сторона рыжевато-буроватая с черновато-бурыми поперечными тонкими полосками. **На горле по бокам белые пятнышки. У самцов на концах крыльев сверху также белые пятна, как и по краям относительно длинного хвоста**. Самки несколько меньше самцов. Сумеречно-ночная птица, днем отсиживается (на земле или ветке дерева), в сумерках бесшумно летает над открытыми участками или над водой. Полет неровный, с частыми крутыми по-

üýtgedip, wagtal-wagtal pert “kru-uwyp” edip ganatlaryny kakýarlar. Horazlarynyň sesi – dowamly “trrrrrr-trrrrrr-trrrrrr…” owazy motorjygyň ses kakuwyna çalymdaş. Bu ses owazyny horazy şahada, keseligine däl-de uzaboýuna oturanda saýraýar. Uçan mahaly “tak-tak” kesgitli gykylyk çykarmagy mümkin. Uzynlygy – 260-280, ganaty – 173-200, ganatlarynyň gerimi – 550-600 mm, agramy - 60-105 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: garamtyl reňki bilen melemtil gündizkörden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealalynda höwürtgeleýän bölegi Ýewropanyň, demirgazyk çäklerinden başga ýerlerinde, Afrikanyň demirgazyk - günbatar çetleri, Kiçi, Alynky we Orta Aziýa, Gazagystan we Günorta Sibir, Merkezi Aziýadan günorta Gimalaý daglarynyň eteklerine çenli. Türkmenistanda uçup geçende hemme ýerlerde duşýar, derýalaryň we daglaryň jülgelerinde, eteklerinde we oazislerde höwürtgeleýär. Afrikada (Sahara çölünden günortada), Alynky Aziýada we Hindistanyň demirgazyk-günbatarynda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup gelýär we höwürtgeleýär. Dagda - ýokarky kemerlerine çenli, düzlük giňişliklerde, aýratyn-da, oazislerde duşýar; çöllük meýdana az aralaşýar. Ýazyna apreliň ortasynda uçup gelýär. Güýzüne – awgustyň soňunda we sentýabrda uçup geçýär. Apreliň soňunda we maýda höwürtgeleýär, 2 sany çalymtyl düşekli çyrşak garamtyl menekli ýumurtga goýýar. Howada gaýýan dürli mörmöjekler, esasan, tomzaklar, kebelekler we sarygarynjalar (termitler) bilen iýmitlenýär

воротами. Временами издает – резкое «круувып», сопровождаемое хлопаньем крыльев. Песня самца – продолжительная трель «трррррр-трррррр-трррррр…», похожая на ровный стук моторчика. Эту «песню» самец исполняет сидя на ветке, но не поперек, а вдоль нее. При взлете может издать резкий крик – «так-так». Длина – 260-280, крыло – 173-200, размах крыльев – 550-600 мм, вес – 60-105 г.

Сходства – отличия: от буланого козодоя отличается темной окраской.

Распространение: гнездовая часть ареала – Европа, кроме северных областей, крайний северо-запад Африки, Малая, Передняя и Средняя Азия, Казахстан и Южная Сибирь, Центральная Азия на юг до предгорий Гималаев. В Туркменистане повсеместно на пролете, на гнездовье по речным и горным долинам, предгорьям и оазисам. Зимовки – в Африке (южнее Сахары), Передней Азии и на северо-западе Индостана.

Образ жизни: пролетает и гнездится. В горах – до верхнего пояса, не избегает равнин, в особенности оазисов, в меньшей степени – в пустыне. Весной прилетают в середине апреля. Осенний пролет – в конце августа и в сентябре. Гнезда – в конце апреля и в мае. В кладке 2 яйца с размытыми темными пятнами на сером фоне. Питаются различными насекомыми, которых ловят на лету, главным образом, жуками, бабочками и термитами.



Statusy: az sanly, ýaşyryn gezýär, bizde az öwrenilen guş.

Статус: немногочисленная, у нас мало изученная птица.

### 215. Melemtil gündizkör – *Caprimulgus aygyptius* – Буланый козодой

Meýdan alamatlary: adaty gündizköre çalymdaş, ýöne umumy reňki çalymtyl-çägepisint, altyn öwüşginli. **Arka tarapy** reňkleriň umumy öwüşgininde egniniň ýelekleri **garamtyl iňsiz sütinşekilli menekli. Boýnunyň yzy çyparrak.** Döşi garamtyl zyra-zyraly, böwürleri kese geçýän inçejik sary zolakly. Sesi – çalt gaýtalanýan “kre-kre-kre-u-o” metal owazly. Horazlarynyň uzynlygy – 193-212, mäkiýanlarynyňky – 195-208, ganaty – 195-215 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: açyk altynsow-çypar reňki bilen adaty gündizkörden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi – Demirgazyk-Günbatary Sahara çöli, Ýakyn Gündogar, Alynky we Orta Aziýa we Günorta Gazagystan. Türkmenistanda hemme ýerlerde ýaýran, emma endigan däl. Çöl guşy (daglardan gaça durýar). Demirgazyk-Gündogar we Demirgazyk - Günbatar Afrikada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän görnüş. Ir, apreliň ikinji ýarymynda uçup gelýär, sentýabrda uçup gidýär. Düzlük ýerlerde gyrymsy ösümlikli, çöllük we toýunsow ýerlerde, sazaklaryň arasynda mekan tutýar. Gündizine gum gaýalarynyň ýa-da gyrymsylaryň kölgesinde oturýar. Iňrik garalanda we gijesine ýygy-ýygydan ýollaryň, suw akýan ýaplaryň we açyk ýerlerde gabat gelýär. Höwürtgesi ýonekeý, düýbi düşeksiz çukurjyk. Maý-iýunda 2 sany düşnüksiz çyparrak-goňur menekli çalymtyl-poslyrak ýumurtgalary

Полевые признаки: похож на обыкновенного козодоя, но общий тон окраски серовато-песочный, золотистый. **Спинная сторона** на этом общем тоне окраски – **с тонкими темными стержневыми пестринками** на плечевых перьях. **Зашеек рыжеватый**. Грудь с темной рябью, на боках тонкие поперечные желтые полоски. Голос – быстро повторяемое металлическое «кре-кре-кре-у-о». Длина самцов – 193-212, самок – 195-208, крыло – 195-215 мм.

Сходства – отличия: от обыкновенного козодоя отличается светлой золотисто-рыжей окраской.

Распространение: гнездовая часть ареала – Северо-Западная Сахара, Ближний Восток, Передняя и Средняя Азия и Южный Казахстан. В Туркменистане распространен повсеместно, но не равномерно. Больше – пустынная птица (гор избегает). Зимует в Северо-Восточной и Северо-Западной Африке.

Образ жизни: пролетно-гнездящийся вид. Прилет ранний, во второй половине апреля. Отлет – в сентябре. Селится, в основном, на равнинах – на песчаных и глинистых участках, с кустарниковой растительностью, среди саксаульников. Днем держится в тени обрывов или под кустами. В вечернее время и ночью часто у дорог, арыков и на открытых местах. Гнездо – ямка без всякой выстилки. Кладка в мае-июне, состоит из 2 серовато-ржавчатых с неясными рыжева-

goýýar. Pidasyny howada uçup ýörkā, seýrek ýerden tutýar, mör-möjekler (tomzaklar, gijeki kebelekler, ýasmyklar we göniganatlylar) bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sanly, käbir ýerlerde adaty, ýaşyryn gezýär, gowşak öwrenilen guş.

то-бурыми пятнами яиц. Пищу добывает, преимущественно, на лету, реже на земле. Корм – насекомые – жуки, ночные бабочки, полужесткокрылые и прямокрылые.

Статус: немногочисленная, местами обычная, скрытная, слабо изученная птица.

## ATGARLAWAÇŞEKILLILER – *APODIFORMES* – СТРИЖЕОБРАЗНЫЕ, ИЛИ ДЛИННОКРЫЛЫЕ

Ganatlary dowamly we işjeň (aktiw) uçmaga üýgunlaşan guşlar topary. Dünýäde 400-e golaý görnüş, biziň faunamyzda otrýaddan bir maşgala – atgarlawaçlar degişli.

Отряд птиц, у которых крылья приспособлены к длительному и активному полету. В мире около 400 видов, в нашей фауне отряд представлен одним семейством - стрижиные.

### Atgarlawaçlar – *Apodidae* – Стрижиные

Ganatlary uzyn, gylyçşekilli, garlawaja çalym edýān, emma sāhelçe tokarrak, uly bolmadyk guşlar maşgalasy. Okgunly uçýar, wagtynyň köp bölegini howada geçirýär, ýere we agaçlaryň şahalaryna gonmaýar. Aýaklary örān gysga, öňe gönügen ilişgen barmakly. Kiçijek çüňkli, başgalara görā giň agyzly. Horazynyň reňki mäkiýanyna meňzeş, azyrak ýaş tapawudy bolýar. Gündizine gezýān guşlar. Dürli landşaftlarda gabat gelýär. Topar bolup höwürtgeleýärler, höwürtgelerini buky ýerde – gaýalaryň ýarçyklarynda we uçutlaryň uly bolmadyk köweklerinde, jaýlaryň üçeginiň aşagynda gurýarlar. Howada maýda mör-möjekler (aeroplankton) bilen iýmitlenýärler. Jemi 57, Türkmenistanda – 3 görnüş.

Некрупные птицы, напоминают ласточек, но чуть больше и крылья у них длинные, серповидные. Полет стремительный, большую часть времени проводят в воздухе, на землю и ветви деревьев не садятся. Ноги очень короткие с цепкими пальцами, направленными вперед. Рот сравнительно широкий с маленьким клювом. Самец и самка окрашены одинаково, имеются небольшие возрастные отличия. Активны днем. Встречаются в различных ландшафтах. Гнездятся колониями, гнезда устраивают скрытно – в расщелинах скал и обрывов, в небольших дуплах, под крышами строений. Питаются мелкими насекомыми в воздухе (аэропланктон). Всего 57, в Туркменистане – 3 вида.

### 216. Gara atgarlawaç – *Apus apus* – Черный стриж

Meýdan alamatlary: garlawajyň ölçeginde, ýöne ganatlarynyň uly bolmagy olary has göwrümli edip görkezýär. Ganatlary uzyn, gylyç ýaly egri, guýrugy oýuk. **Ýelek örtügi tutuşlygyna, bokurdagynyň kirli-ak reňkinden başgasy gara-goňur.** Ýaş guşlar ulularyna meňzeş, ýöne olaryň ýelekleri açyk zolaklar bilen jäheklenen. Sesi “stri-i-i-i” gulagyňy deşip barýan byzzyldy. Uzynlygy – 16-19, ganaty – 16-18, ganatlarynyň gerimi – 43-50 sm, agramy - 35-60 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: biziň atgarlawaçlarymyzyň arasynda ýelek örtüginiň reňkiniň garamtyldygy bilen tapawutlanýar: **kiçi atgarlawaçdan tapawutly-lykda ölçegleri uly we guýrugy uly oýukly, akgaryn atgarlawaçdan bedeniniň aşaky tarapy ak** (sany boýunça has köp we giň ýaýran, köplenç obalarda we şäherlerde hem höwürtgeleýär).

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi tutuş Ýewraziýa, onuň demirgazyk we gündogar böleginden başga ýerlerinde. Orta Aziýada we Türkmenistanda giň ýaýran, emma derýalaryň jülgelerinde, oazislerde has köp duşýar. Afrikanyň günorta böleginde gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän guş. Ýazki migrasiýasy martyň ortasyndan apreliň ortasyna çenli, güýzkisi – iýul-awgustda. Dürli landşaftlarda ýaşaýar, emma oazisleri, ýaşalýan nokatly ýerleri halaýar. Aprelde we maýda höwürtgeleýär. Höwürtgelerini gaýalaryň we uçutlaryň ýarçyklarynda, adamlaryň guran desgalarynda koloniýa ýa-da kiçirāk topar bolup, gurýar. 2 sany, käte 3-4 sany ak reňkli ýumurtgalary goýýar, ölçegleri 16-17 x 23-27 mm. Maý aýynda jüýjeleri çykýar, iýunyň soňunda we iýulyň başynda, daglyklarda - awgustda uçurym bolýar.

Полевые признаки: размером с ласточку, но из-за больших крыльев кажется гораздо крупнее. Крылья – длинные, серповидно изогнутые, хвост – с вырезкой. **Все оперение черно-бурое, за исключением горла грязно-белого цвета**. Молодые птицы схожи со взрослыми, но перья у них окаймлены светлыми полосками. Голос – пронзительный визг «стри-и-и-и». Длина – 16-19, крыло – 16-18, размах крыльев – 43-50 см, вес – 35-60 г.

Сходства – отличия: среди наших стрижей выделяется однотонно темной окраской оперения, **от малого стрижа отличается крупными размерами и большой вырезкой на хвосте, от белобрюхого – отсутствием белого на нижней стороне тела** (кроме того, у нас превосходит их по численности и распространен шире, охотно гнездится в поселках и городах).

Распространение: гнездовая часть ареала – почти вся Евразия, за исключением северных и восточных ее частей. В Средней Азии и Туркменистане распространение широкое, но больше по долинам рек, в оазисах. Зимует в южной половине Африки.

Образ жизни: пролетная, гнездящаяся птица. Весенняя миграция – с середины марта и до середины апреля, осенняя – в июле-августе. Обитает в различных ландшафтах, но предпочитает оазисы, населенные пункты. Гнездование – в апреле и мае. Гнезда устраивает колониально или небольшими группами в расщелинах скал и обрывов, постройках человека. В кладке 2 (иногда 3-4) яйца белого цвета. Размеры яиц – 16-17 x 23-27 мм. Птенцы вылупляются обычно в мае, вылет приходится на конец

iýmiti maýda mör-möjekler.

Statusy: köp sanly, käbir ýerlerde has köp sanly görnuş.

июня-начало июля, в горах – в августе. Питание – мелкие насекомые.

Статус: многочисленный, местами очень многочисленный вид.

### 217. Kiçi atgarlawaç – *Apus affinis* – Малый стриж

Meýdan alamatlary: gara atgarlawaja meňzeş, ýöne maýda. Ganatlary uzyn, gylyçşekilli egri, guýrugy uly bolmadyk oýuk. **Bokurdagy we guýrugynyň üsti ak**, arkasy, döşi we garny gara, galan ýelekleri goňur. Sesi edil gara atgarlawajyňky ýaly, ýöne has ýumşak, gulagyňy deşip barmaýar. Uzynlygy – 125-147, ganaty – 131-133, guýrugy – 39-49 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: **ölçegleriniň mese-mälim kiçidigi we guýruk üstüniň akdygy, guýruk oýugyňyň ýalpakdygy** bilen gara we akgaryn atgarlawaçlardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Afrika we Günorta Aziýa, höwürtgeleýän döwründe Orta Aziýanyň daglary. Türkmenistanda, Bathyzyň daglyk böleginde (Gezgädik) we Köýtendagda.

Ýaşaýşy: höwürtgeleýän görnüş, aprelde uçyp gelýär, awgustda uçup gidýär. Daglaryň aşaky ýa-da ortaky kemeriniň çygly jülgelerinde kiçirāk topar bolup, apreliň soňunda höwürtgeleýär. Höwürtgesini Garlawajyňky ýaly - kese eginleriň we sallanyp duran gaýalaryň aşagynda palçykdan gurýar. Maý aýynda 2 sany ak reňkli ýumurtga goýýar, ölçegleri - 14 x 23 mm. Maýdajyk mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: seýrek, az öwrenilen görnüş. Bathyz we Köýtendag goraghanalarynyň guşlarynyň iň tāsin wekilleriniň biri.

Полевые признаки: схож с черным стрижем, но мельче. Крылья – длинные, серповидно изогнутые, хвост лишь с небольшой выемкой. **Горло и надхвостье белые**, спина, грудь и брюшко черные, остальное оперение бурое. Голос – как у черного стрижа, но намного мягче, не пронзительный. Длина – 125-147, крыло – 131-133, хвост – 39-49 мм.

Сходства – отличия: от черного и белобрюхого стрижей отличается **заметно меньшими размерами и белым надхвостьем, хвост – без глубокой вырезки**.

Распространение: Африка и Южная Азия, а в гнездовой период в горах Средней Азии. В Туркменистане – горная часть Бадхыза (Гезгедык) и Койтендаг.

Образ жизни: гнездящийся вид, прилетает в апреле, отлетает в августе. Гнездится с конца апреля небольшими колониями по сырым местам в ущельях нижнего или среднего пояса гор. Гнезда – «ласточкиного типа» – лепятся под сводами карнизов и нависающих скал. Кладка в мае – 2 яйца белого цвета, размеры – 14 x 23 мм. Питается мелкими насекомыми.

Статус: редкий, малоизученный вид. Один из интересных представителей птиц Бадхызского и Койтендагского государственных заповедников.



### 218. Akgaryn atgarlawajy – *Tachymarptis melba* – Белобрюхий стриж

Meýdan alamatlary: gara atgarlawaja meňzeş, göräýmäge ulurak; ganatlary uzyn, orakşekilli egri, guýrugy oýuk. **Garny we bokurdagy ak**, petekesi we galan ýelek örtügi goňur. Sesi "skrii…" güýçli. Ganaty – 218-222, ganatlarynyň gerimi – 540 mm çenli.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: ölçegleriniň uludygy we **garnynyň akdygy** bilen gara we kiçi atgarlawaçlardan we şeýle-de kiçi atgarlawaçdan, **guýrugynyň oýuk ýeriniň uludygy** bilen oňat tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi – Günorta Ýewropa, Demirgazyk Afrika, Orta we Günorta-Günbatar Aziýa. Türkmenistanda – Köpetdagda, Köýtendagda we beýleki daglyk ýerlerde. Günorta we Gündogar Afrikada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän guş. Ýazky migrasiýasy aprelde, güýzkisi – sentýabrda. Daglarda we eteklerinde, seýrek ýaşalýan nokatlarda mekan tutýar. Aprelde we maýda dag gaýalaynyň çüňklerinde, gaýalarda we uçutlardaky ýarçyklarda topar bolup höwürtgeleýär. Maý aýynyň başynda 2-4 sany ak reňkli ýumurtgalary goýýar, ölçegleri - 19-30 x 24x34 mm. Maýyň soňunda we iýunyň başynda jüýjeleri çykýar. Maýdajyk mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sanly we ýeterlik öwrenilmedik görnüş.

Полевые признаки: схож с черным стрижем, но заметно крупнее; крылья – длинные, серповидно изогнутые, хвост – с вырезкой. **Брюхо и горло белые**, зоб и остальное оперение бурые. Голос – громкое «скрии…». Крыло – 218-222, размах крыльев – до 540 мм.

Сходства – отличия: **от черного и малого стрижей** хорошо отличается крупными размерами и **белым брюхом, от малого**, кроме того, **большой вырезкой на хвосте**.

Распространение: гнездовая часть ареала – Южная Европа, Северная Африка, Средняя и Юго-Западная Азия. В Туркменистане – Копетдаг, Койтендаг и другие горные районы. Зимует в Южной и Восточной Африке.

Образ жизни: пролетная, гнездящаяся птица. Весенняя миграция – в апреле, осенняя – в сентябре. Обитает в горах и предгорьях, редко в населенных пунктах. Гнездование – в апреле и мае. Гнездится колониально в расщелинах скал, на чинках и обрывах. Кладка обычно в начале мая, 2-4 яйца белого цвета, размеры – 19-30 x 24- 34 мм. Птенцы – в конце мая-начале июня. Питается мелкими насекомыми.

Статус: не многочисленный и недостаточно изученный вид.

## GÖKGARLAKŞEKILLILIR – *CORACIIFORMES* – РАКШЕОБРАЗНЫЕ

Dykyzlaşan gatawsy ýelek örtükli, orta we maýda ölçegleri bolan guşlar otrýady. Görnüşleriň köpüsiniň reňki açyk, ala, ýaşyl we gök öwüş-

Отряд птиц средних и мелких размеров с плотным, жестким оперением. Окраска большинства видов яркая, пестрая, преобладают

günleri artykmaçlyk edýär. Aýaklary ýelek örtüksiz. Çüňki uzyn, daýaw we tekiz gyraly göni. Dürli landşaftlarda – tokaýlykdan çöllüge we daga çenli mekan tutýar. Ýapyk ýerlerde – köweklerde, hinlerde, ýarçyklarda höwürtgeleýärler. Mör-möjekler, maýda oňurgaly haýwanlar bilen iýmitlenýärler. Dünýäde 180 gornüş, şolaryň 5-si Türkmenistanda.

зеленые и синие оттенки. Ноги не оперены. Клюв довольно длинный сильный и почти прямой с гладкими краями. Обитатели различных ландшафтов – от лесов до пустынь и гор. Гнездятся в закрытых местах – дуплах, норах, щелях. Питаются насекомыми, мелкими позвоночными животными. Всего в мире 180 видов, из которых в Туркменистане – 5 видов.

### Gökgarlaklar – *Coraciidae* – Сизоворонковые

Kepderi ölçeglerindäki guşlar maşgalasy. Reňkli ýaşylymtyl - mawy. Ganatlary we guýrugy garamtyl-gök meýdançaly, arkasy goňur reňkli, aýaklary güýçli, söbügi kese teňňejikler bilen örtülen, göni we daýaw çüňkli.

Семейство птиц размерами с голубя. Окраска зеленовато-голубая. На крыльях и хвосте темносиние участки, спина коричневая, ноги сильные, цевка покрыта поперечными щитками, клюв прямой и сильный. Всего 8, у нас 1 вид.

### 219. Gökgarga – *Corocias garrulus* – Сизоворонка

Meýdan alamatlary: sähelçe uzalan bedenli we başgalara garanyňda uly kelleli, kepderi ölçegindäki guş. **Kellesi we garyn tarapy mawy, arkasy we eginleri, guýrugynyň üsti mawumtyl-gok reňkli.** Çüňki garamtyl-goňur, gargalaryň çüňküne çalymdaş, güýcli we göni. Aýaklary goňur. Sesi pert, azyrak basyk “kra-krak” ýa-da “krek-krek”. Uzynlygy – 320-343, ganaty – 180-208, ganatlarynyň gerimi – 620-660 mm, agramy - 183 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: bizde mezeş görnüşleri ýok.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän ýerlerde – Günorta-Günbatar, Gündogar we Günorta-Gündogar Ýewropa, Günorta Ural, Gazagystan, Orta, Alynky we Kiçi Aziýa, Afrikanyň demirgazyk-günbatar çetleri. Türkmenistanda hemme ýerlerde, emma endigan däl, derýalaryň jülgelerine we oazislere ýakyn saklanýar. Afrikanyň günorta böleginde gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän guş. Ýazyna – apreliň ikinji ýarymynda, güýzine – awgust-sentýabrda uçup geçýär. Dürli landşaftlarda gabat gelýär, emma dagyň depesine tarap ýokary galmaýar. Gum gaýaly jarlarda, suw köwen gorplarda mesgen tutýar. Aýratyn jübüt bolup höwürtgeleýär. Aprel-maý aýynda 4-6 sany ýaldyrawuk ak reňkli ýumurtgalary goýýar. Mör-möjekler we maýda oňurgalylar bilen iýmitlenýär.

Statusy: amatly ýerlerde, adaty, uçup geçýän mahaly köp sanly görnüş, emma arealynyň köp böleginde gitdigiçe seýrekleýär, şonuň üçin ol MSOP-yň Gyzyl sahypasyna girizilen.

Полевые признаки: размером с голубя, с чуть удлиненным телом и относительно крупной головой. **Голова и брюхо голубые, спина и плечи рыжие, надхвостье лилово-синее**. У молодых общая окраска бледнее. Клюв темно-бурый, похож на клюв врановых, сильный прямой. Ноги бурые. Голос – резкое, немного хрипловатое «кра-крак» или «крек-крек». Длина – 320-343, крыло – 180-208, размах – 620-660 мм, вес – 183 г.

Сходства – отличия: у нас сходных видов нет.

Распространение: область гнездования – Юго-Западная, Восточная и Юго-Восточная Европа, Южный Урал, Казахстан, Средняя, Передняя и Малая Азия, крайний северо-запад Африки. В Туркменистане – повсеместно, но неравномерно, больше тяготеет к долинам рек и оазисам. Зимуют в южной половине Африки.

Образ жизни: пролетно-гнездящийся вид. Весенний пролет – со второй половины апреля, осенний – в августе-сентябре. Населяют различные ландшафты, но в горы высоко не поднимаются. Обитают, в основном, в местностях с обрывами, оврагами. Гнездятся отдельными парами. Кладка в апреле-мае, состоит из 4-6 белых блестящих яиц. Питается насекомыми и мелкими позвоночными животными.

Статус: у нас в подходящих местах обычный вид, на пролетах даже многочисленный, но во многих частях мирового ареала становится редким, поэтому включен в Красный список МСОП.

### Sütiler – *Alcedinidae* – Зимородковые

Kellesi uly, çüňki ýiti uçly göni, ganatlary, guýrugy, aýaklary gysga, barmaklary ýarpysyna çenli bitişip, gowşak ösen maýda, seýrek orta ululykdaky guşlar maşgalasy. Açyk reňkli. Hemmesi 86, biziň ýurdumyzda 1 görnüş.

Семейство мелких, реже средней величины птиц, с большой головой, острым прямым клювом, короткими крыльями и хвостом, короткими и слабыми ногами со сросшимися до половины пальцами. Окраска яркая. Всего 86, в нашей стране 1 вид.

### 220. Süti – *Alcedo atthis* – Обыкновенный зимородок

Meýdan alamatlary: serçeden sähelçe ulurak. **Bedeni kelte, dykyz, kellesi has gaba, çüňki güýçli, uzalan we göni.** Guýrugynyň ujy göni kesilen. Aýaklary gowşak ösen we gysga, ýöremek üçin amatsyz. **Üstki tarapynyň reňki gögümtilräk-ýaşyl, bedeniniň aşagy poslyrak-çypar, bokurdagy çyparrak-agymtyl reňkli.** Ýaş guşlaryň döşi garamtyl-ýaşyl

Полевые признаки: несколько крупнее воробья. **Тело укороченное, плотное, голова массивная, клюв сильный удлиненный прямой**. Обрез хвоста прямой. Ноги слабые, короткие, непригодные для ходьбы. **Окраска верха голубовато-зеленая, низ тела ржаво-рыжий, горло рыжевато-беловатое**. У молодых птиц на груди

ýokundyly. Horazlarynyň çüňki goňur we mäkiýanlarynyňky–goňurrak-gyzgylt. Suwa ýakyn şahada ýa-da suwdan çykyp duran daşyň üstünde uzak wagtlap, pidasyny synlap, gymyldaman oturýar. Suwuň üstünden uçanynda göz açyp-ýumasy salymda howada doňýar. Sesi – sokdyrylan inçe gykylyk, "piik-piik" sykylygy ýatladýar. Uzynlygy – 170-190, ganatlarynyň gerimi – 260-280, guýrugy – 69-75 mm, agramy - 35-37 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary:bizde meňzeş görnüşleri ýok.

Ýaýran ýerleri: Ýewraziýanyň çöllük suwsyz giňişliklerinden başga, günorta bölegi, Afrikanyň demirgazyk çetleri. Orta Aziýada günorta we günorta-gündogar bölekleri, Türkmenistanda Amyderýa, Garagum, Murgap, Tejen, Etrek, Sumbar derýalarynyň jülgelerinde wagtal-wagtal duşýar, şeýle-de Köpetdagyň käbir maýda derýajyklarynda saklanýar.

Ýaşaýşy: oturumly guş. Derýalaryň, kölleriň, beýleki akar we dury suwly howdanlaryň kenarlarynda mekan tutýar. Aýratyn jübüt bolup gezýär. Guşlar gum gaýany erňekläp duran suwa ýakyn edip gazýan hinlerinde höwürtgeleýär. Ýylda iki gezek köpelýär, 5-8 sany togalagrak ýaldyrawuk-ak ýumurtgalary goýýar, ölçegleri - 17-18 x 21-28 mm. Iýun-iýulda jüýjeleýär. Maýdajyk balyjaklar we suw oňurgasyzlary bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sanly, gowşak öwrenilen görnüş.

черновато-зеленый налет. Клюв бурый у самцов и буро-красноватый у самок. Подолгу неподвижно сидит на ветке у самой воды или на выступающем над поверхностью воды камне, выглядывая добычу. В полете над водой может на мгновенья «замирать». Голос – тонкий протяжный крик, напоминающий свист «пиик-пиик». Длина – 170-190, размах крыльев – 260-280, хвост – 69-75 мм, вес – 35-37 г.

Сходства – отличия: у нас сходных видов нет.

Распространение: южная половина Евразии, за исключением пустынных безводных пространств, крайний север Африки. В Средней Азии – южные и юго-восточные области, в Туркменистане – спорадично по долинам Амударьи, Каракумдарьи, Мургаба, Теджена, Этрека, Сумбара, а также, местами, по мелким речкам Копетдага.

Образ жизни: оседлый вид. Населяет берега рек, озер и других водоемов с проточной и относительно прозрачной водой. Держится отдельными парами. Гнездо в норе, которое выкапывается в береговых обрывах у самой воды. В году размножается дважды, в кладке 5-8 округлых блестяще-белых яиц, размеры – 17-18 х 21-28 мм. Птенцы – в июне-июле. Питается мелкой рыбой и водными беспозвоночными.

Статус: немногочисленный, слабоизученный вид.

## Daraklyklar – *Meropidae* – Щурковые

Çüňkli inçe, aşaklygyna sähelçe egmek, ganatlary uzyn çowly, guýrugy uzyn, onuň ortaky ýelekleri insiz we galanyndan has uzyn, sar ölçeglerindäki guşlar maşgalasy. Hemmesi 25, Türkmenistanda 2 görnüş.

Семейство птиц размерами со скворца, с тонким, слегка изогнутым вниз клювом, длинными острыми крыльями и длинным хвостом, средние перья которого уже и длиннее остальных. Всего 25, в Туркменистане – 2 вида.



### 221. Altynsow daraklyk – *Merops apiaster* – Золотистая щурка

Meýdan alamatlary: bedeniniň gurluşy we howada uçuşy boýunça garlawaçlary yatladýan, ýöne ondan ulurak, sar ölçegindäki guş. Onuň reň-ki ýagty: **depesi we ýeňsesi goňras, bokurdagy sary, ganatlary we guýrugy ýaşylymtyl mawumtyl, arkasy we eginleri - altynsow-çypar reňkli.** Gözüniň üstinden gara zolak geçýär. Mäkiýanlary we ýaş guşlar ýagtyrak reňkli, umumy öwüşgini goýy ýaşyl. Uzalan gara çüňki ýiti we azajyk aşaklygyna egmek. Aýaklary gysga we gowşak, goňurrak-gara reňkli. Sesi – güýçli "krýü-krýu" ýa-da "kýürt-kýurt" gykylyk. Uzynlygy – 240-300, ganaty – 140-150, ganatlarynyň gerimi – 400-450 mm, agramy - 50-60 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: ýaşyl daraklyga meňzeş, emma bokurdagynyň açyk-sarydygy, boýunbagynyň insiz garadygy we aşak tarapynyň reňkiniň mawumtyldygy bilen tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Günorta, Günorta-Gündogar Ýewropada, Demirgazyk-Günbatar we Günorta Afrikada, Kiçi, Alynkly we Orta Aziýada höwürtgeleýär. Türkmenistanda - uçup geçende hemme ýerlerde duşýar, emma dageteklerine we oazislere ýakyn çekilýär. Afrikanyň günorta böleginde gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän guş. Ýazyna – apreliň ikinji ýarymyndan maýyň ortasyna çenli, güýzine – awgustyň ortasyndan oktýabra çenli uçup geçýär. Düzlükdäki derýalaryň jülgelerinde, daglar-

Полевые признаки: размером со скворца, по складу тела и полету напоминают ласточек, но крупнее. Ярко окрашенная птица: **темя и затылок каштановые, горло желтое, крылья и хвост зеленовато-голубые, спина и плечи – золотисто-рыжие**. Через глаз проходит черная полоса. Самки и молодые окрашены бледнее, общий тон более зеленоватый. Клюв удлиненный, черный, острый и слегка изогнутый книзу. Ноги слабые, короткие, буровато-черные. Голос – громкий крик «крю-крю» или «кюрт-кюрт». Длина – 240-300, крыло – 140-150, размах крыльев – 400-450 мм, вес – 50-60 г.

Сходства – отличия: очень схожа с зеленой щуркой, но отличается ярко-желтым горлом, тонким черным ошейником и голубой окраской низа.

Распространение: гнездятся в Юго-Восточной и Южной Европе, Северо-Западной и Южной Африке, Малой, Передней и Средней Азии. В Туркменистане на пролете повсеместно, но больше тяготеет к предгорьям и оазисам. Зимуют в южной половине Африки.

Образ жизни: пролетная, гнездящаяся птица. Весенний пролет – со второй половины апреля до середины мая. Осенью – с середины августа и до октября. Населяет речные долины на равнинах и в горах, оазисы. Гнездятся колониями, ино-

da we oazislerde mekan tutýar. Topar, käte jübüt bolup, jarlaryň, källeriň, kölleriň we gum alnan çukurlaryň diwaryny köwüp gazýan hinlerinde höwürtgeleýär. Maýyň ortasynda 4-5 sany ak reňkli ýumurtgalary goýýar, ölçegleri - 21.5 x 27 mm. Iýulda jüýjeleýär. Mör-möjekler, esasan, perdeganatlylary, howada tutup iýmitlenýär.

Statusy: adaty, käbir ýerlerde uçup geçende köpsany görnüş. Bal-aryçylyk etraplarda olaryň bolmazlygy islenilýär.

гда парами по оврагам, лессовым обрывам, карьерам. Гнезда устраивают в норах, которые выкапывают в стенах обрывов. В кладке 4-5 яиц белого цвета, размеры – 21.5 х 27 мм. Кладка – с середины мая, птенцы – в июне. Питаются насекомыми, в основном перепончатокрылыми, которых ловят на лету.

Статус: обычный, местами на пролете многочисленный вид. В районах пчеловодства не желателен.

### 222. Ýaşyl daraklyk – *Merops persicus* – Зеленая щурка

Meýdan alamatlary: sar ölçegindäki guş. Maňlaýy, gaşy we gözüniň aşagyndaky zolak mawy. Çüňkünden gulagyna tarap gara zolak gözüniň üstünden geçýär. Alkymy sary reňkli. **Uçan wagty ganatynyň aşagyndaky goňras reňki anyk görünýär.** Ýelek örtüginiň galany açyk-ýaşyl reňkli. Ýaş guşlaryň reňki has solak. Edil altynsow daraklyk ýaly, **guýrugynyň ortasyndaky uzalan jübüt ýelekleri** boýunça aňsat tanalýar. Sesi altynsow daraklygyňka çalymdaş, ýöne pes we pert "kri-kri-kri". Uzynlygy – 400-490, ganaty – 150-200, ganatlarynyň gerimi – 750-850 mm, agramy - 70-120 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: altynsow daraklyga meňzeş, emma sähelçe ulurak. Doýgun goýy ýaşyl reňkli. Gara boýunbagy ýok, ýaňaklary mawumtyl reňkli.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän ýerleri Madagaskar, Afrikanyň demirgazyk-günbatar çetleri, Ýakyn Gündogar, Hazarýakasy, Alynky, Orta, Günorta we Günorta-Gündogar Aziýa, Täze Gwineýa. Türkmenistanda uçup geçende hemme ýerlerde, emma dag eteklerine we oazislere ýakyn çekilýär.

Полевые признаки: размером со скворца. Лоб, бровь и полоса под глазом – голубые. От клюва через глаз к уху тянется черная полоса. Подбородок – желтый. **В полете хорошо заметен каштановый окрас испода крыла**. Остальное оперение изумрудно-зеленое. Молодые птицы окрашены более бледно. Как и золотистая щурка узнается по **удлиненной средней паре перьев хвоста**. Голос похож на голос золотистой щурки, но более низкий и резкий – «кри-кри-кри». Длина – 400-490, крыло – 150-200, размах – 750-850 мм, вес 70-120 г.

Сходства – отличия: схожа с золотистой щуркой, но чуть крупнее. Общий тон окраски насыщенно зеленый. Отсутствует черный ошейник, щеки голубого цвета.

Распространение: область гнездования – Мадагаскар, крайний северо-запад Африки, Ближний Восток, Прикаспий, Передняя, Средняя, Южная и Юго-Восточная Азия, Новая Гвинея. В Туркменистане – на пролете повсеместно,



Afrikanyň günorta böleginde we Hindistan-Awstraliýa arhipelagynda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän guş. Ýazyna apreliň ikinji ýarymynda uçup geçýär. Güýzüne -awgustda, sentýabryň başynda uçup geçýär. Giň gerimli, gum gaýaly çöketlikli, jarly, suw joşgunyndan dörän köwli, gum alnyp oýulan çukurly açyk meýdanlarda mekan tutýar, derýalaryň we kanallaryň boýlarynda gabar gelýär. Höwürtgeleýän wagty we höwürtge guruşy edil altynsow daraklygyňky ýaly. 4-6 sany togalak, ýaldyrawuk-ak reňkli ýumurtgalary goýýar, ölçegleri -20.9 x 26.2 mm. Iýunyň soňunda we iýulyň başynda jüýjeleri uçurym bolýarlar. Iýmitlenişi edil altynsow daraklygyňky ýaly.

Statusy: adaty, uçup geçende käbir ýerlerde köp sany görnüş. Balaryçylyk etraplarda olaryň bolmazlygy barada iş alnyp barylyar.

но больше тяготеет к предгорьям и оазисам. Зимуют в южной половине Африки и Индо-Австралийском архипелаге.

Образ жизни: пролетный, гнездящийся вид. Весной прилетает со второй половины апреля. Осенний отлет – в августе, в начале сентября. Населяет открытые пространства с участками обрывов, промоин и оврагов, встречается в долинах рек и вдоль каналов. Сроки и способы гнездования как у золотистой щурки. Норы роет в стенах обрывов. В кладке 4-6 почти округлых, блестяще-белого цвета с мелкозернистой скорлупой яиц, размеры – 20.9 х 26.2 мм. Вылет молодых птенцов – в конце июня – начале июля. Питание такое же, как у золотистой щурки.

Статус: обычный, местами на пролете многочисленный вид. В районах пчеловодства не желателен.

### Hüýpüpikler – *Upupidae* – Удодовые

Kiçiräk toparlardan düzülen, gurluş aýratynlyklary boýunça orta ölçeglerdäki hususy hüýpüpikleri özünde jemleýän maşgala. Gündizine gezýän guşlar. Esasan, mör-möjekler, seýrek maýda oňurgaly haýwanlar bilen iýmitlenýär. Dünýäde 4 görnüş. Biziň faunamyzda bu maşgalanyň wekili duşýar.

Семейство включает небольшую группу птиц средних размеров. Дневные птицы. Питаются, в основном, насекомыми, реже мелкими позвоночными. Данное семейство в нашей фауне представлен одним видом из 4-х.

### 223. Hüýpüpik – *Upupa epops* – Удод

Meýdan alamatlary: kepderiden maýda. Bedeniniň sypaty we ýelek örtüginiň reňki boýunça aňsat tanalýar. **Kellesinde ýelpewaç şekilli hüpügi bolýar.** Ýelek örtügi goňurrak-çypar reňkli ala, guýrugy we ganatlary aralaşyp geçýän kese gara we ak zolakly. Çüňki uzyn we inçe. Sesi basyk "up-up-upi" we ýiti

Полевые признаки: мельче голубя. Легко узнать по форме тела и окраске оперения. **На голове – веерообразный хохол.** Оперение пестрое коричнево-рыжее, хвост и крылья с чередующимися черными и белыми поперечными полосками. Клюв длинный и тонкий. Голос – глухое «уп-уп-упи» и резкое

hyşşyldy. Uzynlygy – 281-325, ganaty – 135-151, ganatlarynyň gerimi – 420-490 mm, agramy, ortaça - 60 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: bizde meňzeş görnüşleri ýok.

Ýaýran ýerleri: giň, höwürtgeleýän yerleri – Ýewraziýanyň günorta bölegi, Afrika. Türkmenistanda hemme ýerlerde, emma daga garanyňda düzlük ýerlerde köpüräk duşýar. Ýakyn Gündogarda, Alynky, Günorta we Günorta-Gündogar Aziýada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän, az mukdarda gyşlaýan görnuş. Ýazyna – martyň başynda, güýzine – sentýabrda uçup geçýär. Köweklerde, üýşmek daşlaryň aşagynda, gaýalaryň ýarçyklarynda, hinlerde we jaryň opurylan dik kenarlarynda we beýleki amatly ýerlerde höwürtge gurýar. Aýratyn jübüt bolup höwürtgeleýär. 3-8 sany mawumtyl-ak reňkli ýumurtgalary goýýar, ölçegleri - 18.5 x 26.8 mm. Maý aýynda jüýjeleýär. Mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sanly, käbir ýerlerde adaty görnüş.

шипение. Длина – 281-325, крыло – 135-151, размах крыльев – 420-490 мм, вес, в среднем – 60 г.

Сходства – отличия: у нас сходных видов нет.

Распространение: широкое, области гнездования – южная половина Евразии, Африка. В Туркменистане – повсеместно, но больше на равнинах, чем в горах. Зимуют на Ближнем Востоке, в Передней, Южной и Юго-Восточной Азии.

Образ жизни: пролетный, гнездящийся вид, в небольшом числе зимует. Весенний пролет – в начале марта, осенний – в сентябре. Гнезда устраивает обычно в дуплах, кучах камней, в расщелинах скал, в норах и промоинах обрывов. Гнездятся отдельными парами. В кладке 3-8 голубовато-белого цвета яиц, размеры – 18.5 x 26.8 мм. Птенцы – в мае. Питаются насекомыми.

Статус: немногочисленный, местами обычный вид.

## DOŇUZGUŞŞEKILLILER – *PICIFORMES* – ДЯТЛООБРАЗНЫЕ

Orta we maýda (serçe ýaly) ölçegdäki, has ululary garga ýaly guşlar otrýady. Çüňki göni, isgeneşekilli ýiti uçly, 2 barmagy öňe we 2-si yza bakyp, agaçlaryň sütünlerine dyrmaşmaga uýgunlaşan, gysga we güýçli aýakly. Gaňyrçakly dyrnaklary agaç şahasyna ýapyşyp durmaga oňsat kömek edýär. Ganatlary inli, kütek uçly, guýruk ýelekleri çeýe we gaty, ujy çowly (şalkyboýndan başgalarynda). Köpüsi gündiziki tokaý guşlary, agaçlaryň köweklerinde ýa-da hinlerde höwürtgeleýär. Jüýjeleriniň gözleri ýumyk, görnüşleriň birnäçesiniňki etene görnüşli, sütük ýeleksiz dogulýar. Oturymly ýaşaýar, emma görnüşleriň köpüsi güýzine we gyşyna göçüp-gonup gezýärler. Doňuzguşlaryň hemmesi mör - möjekler, seýrek ösümlik iýmiti bilen iýmitlenýärler. Ýer togalagynyň tokaýly ýerlerinde, Awstraliýadan, Tä-ze Gwineýadan we Madagaskardan başga ýerlerde ýaýrandyrlar; aýratyn-da, olaryň sany Günorta Amerikada köp. Dünýäde 6 maşgala degişli 380-386 golaý görnüş bolup, olardan ýarpysy doňuzguşlar maşgalasynyň wekilleridir (*Picidae*), olaryň arasynda 4 görnüş Türkmenistanda.

Отряд птиц мелкой (с воробья) и средней величины, наиболее крупные – с ворону. Клюв прямой, острый долотообразный, короткие и сильные ноги, на которых 2 пальца направлены вперед, а 2 пальца – назад, хорошо приспособленные к лазанию по вертикальным стволам деревьев. Когти крючковатые, что помогает легко удерживаться на ветвях. Крылья широкие, тупые, хвост жесткий, упругий, заостренный на конце (кроме вертишейки). Дневные, в большинстве лесные птицы. Гнездятся в дуплах или норах. Птенцы вылупляются слепыми и у большинства видов голыми, без пухового наряда. Оседлы, но осенью и зимой многие виды кочуют. Почти все дятлы питаются насекомыми, реже употребляют растительную пищу. Распространены во всех лесах земного шара, за исключением Австралии, Новой Гвинеи и Мадагаскара; особенно много их в Южной Америке. В мире около 380 видов относящихся к 6 семействам, половина - представители семейства дятловых (*Picidae*), среди них 4 вида в Туркменистане.

### 224. Şalkyboýun guş – *Jynx torguilla* – Вертишейка

Meýdan alamatlary: daşky sypaty doňuzguşlara az çalymdaş, serçe ölçegde. Arka tarapy çalymtyl-goňur, agaç gabygy reňkinde. **Depesi we arkasy dik geçýän gara zolakly**, garyn tarapy aksowult-çypar, bokurdagy – sarymtyl-agymtyl kese geçýän insiz garamtyl zolakly, **gapdallary we garny üçburç ýa-da ujy egri bellik (toýnuk) görnüşde ala.** Guýrugy ýumşak we bolşyna görä uzyn, tegelenen, çowsyz kese garamtyl zolakly. Çüňki göni, gowşak ösen we ujy sähelçe egmek. Gözleri sarymtyl-gyzyl, çüňki we aýaklary sary. Kellesini ýygy-ýygydan ikiýana aýlaýar. Sesi – batly "kýaý-kýaý-kýaý", kowekde oturan guşa howp abananda ol hyžžyldaýar. Uzynlygy – 180-195, ganaty – 78-93 mm, agramy – 35 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: Türkmenistanda meňzeş görnüşleri ýok. Daşdeşenlerden tapawutlylykda ol agaçlaryň sütünini köwmeýär.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi tutuş Ýewropa, çetki demirgazykdan başgalary, Aziýanyň

Полевые признаки: размером с воробья, внешне мало напоминает дятлов. Спинная сторона серовато-бурая, цвета древесной коры. **На темени и спине темная продольная полоса**, брюшная сторона беловато-рыжеватая, горло – желтовато-бежевое с тонкими темными поперечными полосами, **на боках и брюшке пестринки в виде угольников или «птичек»**. Хвост мягкий и довольно длинный, округлый, не заостренный с поперечными темными полосками. Клюв прямой слабый и слегка загнут на конце. Глаза желтовато-красные, клюв и ноги желтые. Часто вертит головой. Голос – громкое «кяй-кяй-кяй», при угрозе, если птица в дупле, издает шипение. Длина – 180-195, крыло – 78-93 мм, вес -35 г.

Сходства – отличия: в Туркменистане сходных видов нет. В отличие от дятлов не долбит кору деревьев.

Распространение: гнездовая часть ареала – вся Европа, кроме

tokaý zolagy, Gimalaý daglary. Türkmenistanda çup geçende hemme ýerlerde, emma köplenç dag we derýa jülgelerinde, dag eteklerinde we oazislerde gabat gelýär. Merkezi Afrikada we Hindistanyň demirgazyk böleginde gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän guş. Tokaý jeňňelliklerde, beýleki agaçly we gyrymsyly ýerlerde saklanýar. Ýazyna apreliň başyndan maýyň ikinji ýarymyna çenli uçup geçýär. Güýzüne – awgust - sentýabr we oktýabryň ortasyna çenli uçup geçýär. Mörmöjekler, köplenç garynjalar bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sanly, ýaşyryn gezýär, gowşak öwrenilen guş.

крайних северных областей, лесная зона Азии, Гималаи. В Туркменистане – на пролете повсеместно, но, в основном, горные и речные долины, предгорья и оазисы. Зимуют в Центральной Африке и северной половине Индостана.

Образ жизни: пролетная птица. Тяготеет к лесным, тугайным и другим древесно-кустарниковым участкам. Весенний пролет поздний и растянут с начала апреля до второй половины мая. Осенний – в августе-сентябре и до середины октября. Питается насекомыми, чаще муравьями.

Статус: немногочисленная, скрытная, слабо изученная птица.

---

**225, 226.** *Bellik*: Günbatar Köpetdagyň derelerinde we beýleki agaç ösümlikli meýdanlarynda örän seýrek - **ýaşyl daşdeşen –** ***Picus viridis*** **–** kellesi üsti gyzyl “telpejikli”, ýeňsesi we “murty” **–** gyzyl (mäkiýanynyň “murty” gara), gözüniň töweregi garamtyl meýdanly we **uly ala daşdeşen –** ***Dendrocopos major*** duşýar (Eýran tarapdan tötänden uçup gelýärler). Ol ýaşyl daşdeşenden ýelek örtüginiň gara-ak-gyzyl reňklidigi, akganat daşdeşenden ,ganatlarynda gara reňkiň has köpdigi bilen tapawutlanýar, şeýle-de olar bilelikde Günbatar Köpetdagda duşmaýarlar.

**225, 226.** *Примечание*: не исключено, что в ущелья и на другие участки с древесной растительностью в Западном Копетдаге спорадично могут залетать со стороны Ирана **зелёный дятел –** ***Picus viridis*** **и большой пестрый дятел –** ***Dendrocopos major*****.** У первого верх головы с красной «шапочкой», затылок и «усы» – красные (у самки “усы” черные), вокруг глаз – черное поле. Второй по контрастно черно-бело-красному оперению легко отличается от зеленого дятла; а от белокрылого дятла – преобладанием черного цвета на крыльях, хотя с последним вместе в Западном Копетдаге не обитает.

### 227. Akganat daşdeşen – *Dendrocopos leucopterus* – Белокрылый дятел

Meýdan alamatlary: boýnunyň yzky tarapy we arkasy ýeňiljek gümtil ýokundyly gara. **Depesi ýaldyrawuk gysyl.** Kellesiniň gapdallary we boýny ak, bokurdagy we petekesi özara gara zolak bilen çäklenýär. Aşaky tarapy ýagty, **garnynyň yzky bölegi we guýrugynyň aşagy gyzyl.** Ganatlary gara, onda ak reňkiň mukdary köp (aýratyn-da, uçanynda), hatda ganatlary ýygrylanda hem, onuň ortasynda uly ak ýerleri görünýär. Mäkiýanynyň kellesi gyzyl reňkiz, ýöne ýaş guşlaryň depesi – gyzyl. Çüňki mawumtyl-gara, aýaklary goýy goňur. Ganaty – 120-133, guýrugy – 78-88 mm, agramy – 67-70 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: uly ala daşdeşene meňzeş, emma reňkinde ak reňkiň, aýratyn-da, ganatlarynda has köpdügi, şeýle-de guşlaryň bilelikde bir ýerde ýaşamaýandyklary bilen tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Orta Aziýanyň ortaky we günbatar bölegi. Türkmenistanda-Garagumda, Günbatar Uzboýda, Tejen, Murgap derýalaryň we Amyderýanyň jülgelerinde, Köýtendagda duşýar.

Ýaşaýşy: oturymly guş, derýa ýakalaryndaky toraňňylyklarda, çölüň sazaklyklarynda, dag tokaýjyklarynda we baglyk ýerlerde ýaşaýar. Martda höwürtgelemäge girişýär. Höwürtgesini ýerden 1.5-den 6-7 m beýiklikde agaçlaryň (toraňňy, garagaç, ak sazak we başgalar) sütünini köwüp gurýar. 4-6, seýrek 7 sany ýumurtga goýýar. Iýunda jüýjeleri uçurym bolýar. Aglaba mör- möjekler (tomzaklar) bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sanly, ýeterlik öwrenilmedik, bölekleýin ýaýran guş. Repetek goraghanasynyň guşlarynyň iň täsin wekilleriniň biri.

Полевые признаки: Задняя сторона шеи и спина черные с легким синеватым налетом. **Темя блестяще красное**. Бока головы и шеи белые, отделяются от горла и зоба черной полосой. Низ светлый, **задняя часть брюшка и подхвостье красные**. Крылья черные с большим количеством белого (особенно в полете) и даже на сложенном крыле посередине – большое белое поле. Самка без красного на голове, но у молодых темя красное. Клюв голубовато-черный, ноги темно-бурые. Крыло – 120-133, хвост – 78-88 мм, вес – 67-70 г.

Сходства – отличия: очень схож с большим пестрым дятлом, но отличается преобладанием белого цвета в окраске, особенно на крыльях, к тому же совместно эти два вида не обитают.

Распространение: средняя и западная часть Средней Азии. В Туркменистане – Каракумы, Западный Узбой, долины Теджена, Мургаба и Амударьи, в Койтендаге.

Образ жизни: оседлая птица, населяет приречные тугаи, саксауловые заросли в пустыне, горные рощи и сады. Гнездование раннее – с марта. Гнезда в дуплах деревьев (тополь, туранга, карагач, саксаул и др.) на высоте от 1.5 до 6-7 м от земли. Число яиц в кладке 4-6, редко до 7. Летные молодые – в июне. Питается, преимущественно, насекомыми (жуками).

Статус: немногочисленная и не достаточно изученная птица с неравномерным распространением. Один из наиболее интересных представителей птиц Репетекского государственного заповедника.

**228.** *Bellik*: Murgap derýasynyň kenaryndaky toraňňylyklarda, Daşköpri bilen Soltanbent aralygynda XX asyryň ortasynda **teňňe nagyşly daşdeşen – *Picus squamatus*** ýaşapdy. Ol ýaşyl daşdeşene örän çalymdaş, ondan bedeniniň aşak tarapyndaky teňňe nagyşlaryň garamtyldygy we çüňküniň sarydygy, şeýle-de olaryň bilelikde bir ýerde ýaşamaýandyklary bilen tapawutlanýar. Daşköpri we Saryýazy suw howdanlary gurlanda köp ýaşan toraňňylary suw basmagy we olaryň çapylmagy, bu görnüşiň biziň ýurdumyzdan ýitip gitmegine getirdi. Görnüşi Amyderýanyň, Murgap we Tejen derýalarynyň kenarýakalarynda saklanyp galan toraňňylyk ýerlerine getirip göýbermek usuly bilen (Owganystandan ýa-da Päkistandan) dikeltmek mümkin.

**228.** *Примечание*: у нас в тугаях на Мургабе между Дашкепри и Султанбентом в середине прошлого века обитал **чешуйчатый дятел – *Picus squamatus*,** который очень похож на зеленого дятла; отличается темным чешуйчатым рисунком на нижней стороне тела и желтым клювом, хотя с ним совместно не обитал. Затопление тугаев при строительстве Ташкепринского и Сарыязынского водохранилищ, а также рубка старых деревьев в тугаях привели к исчезновению этого вида в нашей стране. Его необходимо восстановить путем выпуска птиц (из Афганистана или Пакистана) в сохранившиеся участки тугаев на Амударье, Мургабе и Теджене.

## SERÇEŞEKILLILER – *PASSERIFORMES* – ВОРОБЬЕОБРАЗНЫЕ

Daşky görnüşi, ýaşaýşy, iýmitlenişi we iýmitini tutmak usullary boýunça anyk tapawutlanýan, aglaba maýda we orta ölçegdäki guşlar otrýady. Horazlary mäkiýanlaryndan, adatça, ulurak, reňki boýunça jyns tapawutlary (dimorfizm) görnüşleriň köpüsinde aýdyň görünýär. Kontinentleriň (Antarktidadan we ummanlaryň içindäki käbir adalardan başgalarynda) hemmesinde ýaýran. Olar tropik ýurtlarda has köpdürli we köpsanly bolýarlar. Guşlaryň hemmesi diýen ýaly monogam. Jübüt bolup ýaşaýarlar, köpelmeýän wagtlary olaryň köpüsi uly bolmadyk toparlary ýa-da sürüleri döredýärler. Höwürtge gurmak ukyby güýçli ösendir we 4-den 9-a çenli ýumurtga guzlaýarlar.

Отряд птиц, преимущественно, мелких и средних размеров, значительно различающиеся по внешнему виду, образу жизни, питанию и способом добывания кормов. Самцы, как правило, крупнее самок, у большинства видов в окраске выражен половой диморфизм. Распространены на всех континентах, кроме Антарктиды и некоторых океанических островов, особенно разнообразны и многочисленны в тропиках. Почти все моногамы. Живут парами, вне периода размножения многие образуют небольшие группы или стаи. Сильно развита способность к гнездостроению. В кладке от 4 до 9 яиц. У большинства видов выкармливают птенцов оба






**Guşlaryň uçup barýarka görnüşi**: 1 – oba garlawajy; 2 – dag garlawajy; 3 – gara atgarlawaç; 4 – kiçi çerik; 5 – altynsow daraklyk; 6 – garlawaç pisint çemen çulugy; 7 - zakyja garga; 8 - ekinçi garga; 9 - uly garga.

**Птицы в полете**: 1 - деревенская ласточка; 2 - воронок; 3 - черный стриж; 4 - малая крачка; 5 - золотистая щурка; 6 - луговая тиркушка; 7 - галка; 8 - грач; 9 - ворон.

Görnüşleriň aglabasynda jüýjelerini iýmitlendirmäge guşlaryň ikisi-de gatnaşýar. Görnüşleriň köpüsi ýylda iki gezek köpelýärler. Iýmitlenişi gatyşyk, mör-möjekleri, aýratyn-da zyýankeş görnüşlerini we ösümlikleriň – haşal otlaryň tohumlaryny çokýarlar. Ýyly howaly giňişliklerde oturymly we göçüp-gonup, aram hem ýokarky guşaklyklarda–uçup geçip gitmek ýaşaýşyny alyp barparlar. Dünýäde 5 müňden gowrak görnüş, olaryň – 189-yzy Türkmenistanda.

родителя. Многие виды размножаются дважды в году. Питание чаще смешанное, потребляют насекомых, в том числе вредоносных, и семена растений, в том числе сорняков. В теплых климатических широтах ведут, преимущественно, оседлый и кочующий образ жизни, в умеренных и высоких широтах – перелетные. В мире свыше 5 тыс. видов (73 семейства), в Туркменистане – 189 представителя из 23 следующих далее семейств.

## Garlawaclar – *Hirundinidae* – Ласточковые

Ululygy serçe ýaly, agyz kesimi giň, adatça, ýaba guýrukly, aýaklary ejiz hem gysga, düýbi ýaýraň (ýepbeşik) kelte çüňkli we çöwly ganatlary uzyn guşlar maşgalasy. Howada uçup barýarkalar tutan mör-möjekleri bilen iýmitlenýärler. Dünýäde – 75, Türkmenistanda 6 görnüş.

Семейство птиц размером с воробья, с длинными острыми крыльями, короткими слабыми ногами и коротким приплюснутым клювом, широким ртом и, обычно, вильчатым хвостом. Питаются насекомыми, которых добывают на лету. В мире 75, в Туркменистане – 6 видов.

## 229. Kenar garlawajy – *Riparia riparia* – Береговая ласточка

Meýdan alamatlary: serçeden maýda. Göwresi süýri, **ganatlary uzyn çowly we guýrugy ýalpak oýukly. Arkasy tutuşlygyna goňur we edil şonuň ýaly petekesinde hem-de döşinde kese aýlawy bolýar, bokurdagy ak.** Horazynyň reňki mäkiýanyna meňzeş. Ýaş guşlar arka ýelekleriň jähekleriniň çypardygy we bokurdagynyň goňrrakdygy bilen tapawutlanýar. Aýaklary gara dyrnakly melemtil-goňur. Çüňki gara. Sesi guraksy, pessaýja jikgildi – “sirr-sirr”. Uzynlygy – 124-142, ganaty – 100-113, ganatlaynyň gerimi – 282-295 mm, agramy 12.8-15.2 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: **döşündäki mese-mälim kese goňur zolagy** we guýrugynyň ýalpak oýukdygy bilen beýleki garlawaçlardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: giň, höwürtgeleýän yerleri – Ýewropa, Aziýa, Demirgazyk Amerika, olaryň günorta-gündogar çetinden başgalary. Orta Aziýanyň we Türkmenistanyň hemme ýerlerinde, esasan hem, derýalaryň jülgelerinde we oazislerde. Hindistanda, Afrikanyň günorta böleginde we Günorta Amerikanyň merkezi welayatlaryndan gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýan höwürtgeleýän guş. Ýazyna – martyň soňunda, aprelde uçup gelýär, güýzüne – oktýabrda uçup gidýär. Süri bolup gezýär, uly topar bolup, çäge ýada topur alnan oýlarda, köwleriň, kanallaryň, uly ýaplaryň kert kenarly ýerlerinde, käte guýularyň diwarlaryndaky hinlerde höwürtgeleýär. 3-5 sany ak reňkli ýumurtgalary goýýar, ölçegleri – 12.45 x 17.63 mm. Maýdajyk mör-möjekler: çybynlar, siňekler, günnlükçiler bilen iýmitlenýär.

Statusy: adaty, gyradeň ýaýrawly bolmadyk, käbir ýerlerde köpsanly görnüş.

Полевые признаки: размером меньше воробья. Туловище удлиненное, **узкие длинные заостренные крылья и неглубокая вырезка на хвосте. Сплошь бурая спина и такая же перевязь поперек зоба и груди, горло белое**. Самец и самка окрашены одинаково. Молодые отличаются рыжеватыми каемками перьев на спинной стороне и буроватым горлом. Ноги буровато-коричневые с черными когтями. Клюв черный. Голос – негромкое сухое щебетание «цирр-цирр». Длина – 124-142, крыло – 100-113, размах крыльев – 282-295 мм, вес 12.8-15.2 г.

Сходства – отличия: от других ласточек отличается **четкой бурой полосой поперек груди** и неглубокой вырезкой хвоста.

Распространение: широкое, область гнездования – Европа, Азия, кроме юго-восточных областей, Северная Америка. В Средней Азии и Туркменистане повсеместно, но, в основном, в долинах рек и оазисах. Зимуют в Индостане, южной половине Африки и центральных областях Южной Америки.

Образ жизни: пролетная, гнездящаяся птица. Весенний пролет – с конца марта и в апреле, осенний – в октябре. Держатся стаями, гнездятся в норах колониями, которые устраивают по обрывистым глиняным или песчаным берегам, карьерам, оврагам, каналам, крупным арыкам, иногда поселяются в стенах колодцев. Одна кладка в году – от 3 до 5 белого цвета яиц, размеры 12.45 x 17.63 мм. Питаются мелкими насекомыми: комарами, мухами, поденками.

Статус: обычный, местами многочисленный вид с неравномерным распределением.

## 230. Gaýa garlawajy – *Hirundo rupestris* – Скальная ласточка

Meýdan alamatlary: keşbi kenar garlawajy ýaly, emma ulurak. **Guýrugynyň oýuk ýeri ýalpak we ak süýri tegmilleri bolýar.** Arkasy goňur, kesellesi has garamtyl. **Uçan wagtynda garyn tarapy garamtyl, ganatlarynyň aşagy has goňur bolup görünýär.** Çüňki gara, aýaklary aksowult-goňur, gözleriniň göreji goýy goňur. Sesi pessaýja jikgildi. Uzynlygy – 140-151, ganaty – 121-134,

Полевые признаки: обликом с береговую ласточку, но крупнее. **Хвост слабовыемчатый и имеет овальные белые пятна**. Спина бурая, голова более темная. **Брюшная сторона в полете выглядит темной, а испод крыла темно-коричневый**. Клюв черный, ноги бледно-бурые, радужка глаз темно-бурая. Голос – негромкое щебетание. Длина – 140-151, крыло – 121-

ganatlarynyň gerimi – 345 mm, agramy 15.2-18.2 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: guýrugy tegelenen-süýri uly ak (beýleki garlawaçlarda ýok) tegmili bilen beýleki garlawaçlardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän ýerleri – Günorta Ýewropa, Afrikanyň demirgazyk-günbatar çetleri, Kawkaz, Kiçi, Alynky, Orta we Merkezi Aziýanyň günortasy. Türkmenistanda Uly we Kiçi Balkan daglary, Köpetdag, Köýtendag. Höwürtgeleýän böleginiň günorta çäklerinde, şeýle-de Gündogar Afrikada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän, göçüp-gonýan, käýerlerde oturymly görnüş. Ýazyna aprelde uçup gelýär, güýzine – awgustda uçup gidýär. Daglaryň 1200-3000 m beýikliklerinde höwürtgeleýär. Dag gaýalarynda palçyk lokgajyklaryndan höwürtge gurýar. 2-5 sany melemtil-goňur nokatly we inçe çyzykly ak reňkli ýumurtgalary goýýar, ölçegleri 14.5 x 21.1 mm. Jüýjeleri, maýyň ortasyndan iýunyň başyna çenli uçurym bolýarlar. Beýleki garlawaçlar ýaly maýdajyk mörmöjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: dag jülgelerinde we derelerinde adaty görnüş.

134, размах крыльев – 345 мм, вес 15.2-18.2 г.

Сходства – отличия: на хвосте большие округленно-вытянутые белые пятна, чего нет у других ласточек.

Распространение: область гнездования – Южная Европа, крайний северо-запад Африки, Кавказ, Малая, Передняя, юг Средней и Центральная Азия. В Туркменистане – Большие и Малые Балханы, Копетдаг, Койтендаг. Зимуют в южных пределах описанного ареала, а также в Восточной Африке.

Образ жизни: пролетный, гнездящийся, кочующий, частично оседлый вид. Весной прилетают в апреле, осенью отлетают в августе. Гнездятся в горах на высотах 1200-3000 м. Гнезда строят на стенах скал из комочков глины. В кладке 2-5 белого цвета с небольшим числом буровато-коричневых точек и штрихов яиц. Размеры яиц – 14.5 x 21.1 мм. Птенцы в гнездах – с середины мая до начала июня, хорошо летающие – в середине и в конце мая. Питаются, как и другие ласточки, мелкими насекомыми.

Статус: обычный в горных долинах и ущельях вид.

### 231. Sapak guýrukly garlawaç – *Hirundo smithii* – Нитехвостая ласточка

Meýdan alamatlary: **horazlarynyň guýrugynyň gapdal ýelekleriniň sapakşekilli uzyndygy mese-mälim görünýär.** Kellesiniň üsti we ýaňaklary ýagty poslurakçypar reňkli. Üstki tarapy güýçli ýaldyraýan goýy ýaşyl-gök öwüşginli. Aşak tarapy arassa ak. Sesi – pessaýja

Полевые признаки: **хорошо заметны (только у самцов) длинные нитеобразные боковые перья хвоста**. Верх головы ржавчато-рыжего цвета. Верх темно фиолетово-синий с сильным отблеском. Нижняя сторона чисто белая. Голос – негромкое щебетание.



jikgildi. Ganaty – 113-122 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: çypar “telpejigi” we guýrugynyň gapdalyndaky sapakşekilli ýelekleri bilen beýleki garlawaçlardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealy Afrikanyň günorta bölegini, Günorta (Hindistan, Mýanma), Alynky (Päkistan, Günbatar Owganystan) Aziýany we Orta Aziýanyň günorta bölegini öz içine alýar. Türkmenistanda Guşgy we Köýten derýajyklarynyň jülgelerinde. Günorta Aziýada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup gelip, höwürtgeleýän guş. Aprelde-maýda uçup gelýär, sentýabr-oktýabrda–uçup gidýär. Gaýalaryň ýarçyklarynda we gowaklaryň girelgelerinde, köprüleriň aşagynda, käte kenary daşly suwly ýaplarda höwürtgeleýär. Aýratyn jübüt bolup gezýär. Höwürtgesi sypallaryň, kökjagazlaryň, ders bölejikleriň palçyga eýlenen lokgasyndan gaýalaryň diwaryna, gowaklaryň girelgelerine ýa-da suwuň üstüne abanyp duran çünklere ýelmenen okarajyk. 2-4 sany gyzylymtyl-goňurrak menekli ak ýumurtgalary goýýar, ölçegleri 12.7 x 13.3 mm. Iýun-iýulda jüýjeleýär. Howada uçup barýarka maýda mörmöjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sanly, çäkli ýaýran we ýeterlik öwrenilmedik görnüş.

Крыло – 113-122 мм.

Сходства – отличия: от других ласточек отличается рыжей «шапочкой» и нитеобразными боковыми перьями хвоста.

Распространение: ареал охватывает южную половину Африки, Южную (Индия, Мьянма), Переднюю (Пакистан, Западный Афганистан) Азию и южную часть Средней Азии. В Туркменистане – речные долины Кушки и Койтендарьи. Зимует в Южной Азии.

Образ жизни: гнездящаяся птица. Прилетает в апреле-мае, отлетает в сентябре-октябре. Гнездится в расщелинах скал и пещерных входов, под мостами, даже по берегам каменистых арыков. Держатся отдельными парами. Гнездо – чашечка из глины с примесью былинок, корешков, комочков навоза, прикрепленная к скальным образованиям, сводам пещер, иногда просто в нишах или выбоинах скал над поверхностью воды. В кладке 2-4 белых с красно-коричневыми крапинками яиц, размеры – 12.7 x 13.3 мм. Птенцы – в июне-июле. Питаются мелкими насекомыми, которых ловят на лету.

Статус: немногочисленный и недостаточно изученный вид с ограниченным распространением.

### 232. Oba garlawajy – *Hirundo rustica* – Деревенская ласточка, или касатка

Meýdan alamatlary: serçe ululykda. **Üstki tarapy** maňlaýyndan galan ýeri **garamtyl, ýaşylymtyl gök-metal reňkli, seýrek syýa öwüşginde bolýar. Maňlaýy, alkymynyň**

Полевые признаки: величиной не крупнее воробья. **Верхняя сторона**, кроме лба, **темного, сине-стального цвета с зеленоватым, реже фиолетовым блеском.**

**aşagy we bokurdagy posly-goňur.** Petekesi we döşi garamtyl inli kese zolakly. Garyn tarapy ak. Ganatlary we guýrugy ýaldyrawuk gök-gara öwüşginli, guýrugynyň ujy ak tegmilli. Ýaş guşlaryň arkasynyň metal öwüşgini öçügsi, bokurdagy we petekesi çyparrak reňkli. Sesi güýçliden pessaýja jikgildi – "wi-wit, çi-wit". Saýraýşy şowhunly-jikgildili sesler – "til-wili, til-wil-ssrr". Uzynlygy – 185-206, ganaty – 122-123, ganatlarynyň gerimi – 331-337 mm, agramy 16.6-17.5 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: bokurdagynyň poslyrak, goňur reňki we guýrugynyň çetki ýelekleriniň uzyndygy bilen beýleki garlawaçlardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi giň. Tutuş Ýewraziýa we Demirgazyk Amerika, olaryň demirgazyk çetlerinden we günorta çäklerinden başgalarynda. Orta Aziýada we Türkmenistanyň hemme ýerlerinde, Amyderýa, Garagum, Murgap, Tejen, Etrek derýalarynyň jülgelerinde we oazislerde köpräk. Günorta Amerikada, Merkezi we Günorta Afrikada, Günorta we Günorta-Gündogar Aziýada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän - höwürtgeleýän guş. Ýazyna – mart-aprelde, güýzine – sentýabryň soňunda we oktýabryň ortasyna çenli uçup geçýär. Taşlanan, wagtlaýn peýdalanylmaýan jaýlarda, ammarlarda, şeýle-de köprüleriň aşagynda höwürtgeleýär. Höwürtgesi–jaýlaryň diwaryna ýada eýwanyň kese agajyna guşlaryň sülekeýi bilen eýlenen palçyk lokgajyklaryndan gurulan ýarymaýşekilli okarajyk. Höwürtge guranlarynda, guşlar palçyk lokgajyklaryna otjagazlary, sypallary, atyň gyllaryny berklik

**Лоб, подбородок и горло ржаво-коричневые**. Поперек зоба и груди довольно широкая черноватая полоса. Брюшная сторона белая. Крылья и хвост блестящие сине-черные, пятна на конце хвоста белые. Молодые имеют менее выраженный металлический блеск на спинной стороне, горло и зоб рыжеватые. Голос звонкий, но не громкий – щебетание «ви-вит, чи-вит». Песня – щебечуще-трескучие звуки «тиль-вили, тиль-виль-ццрр». Длина – 185-206, крыло – 122-123, размах крыльев – 331-337 мм, вес – 16.6-17.5 г.

Сходства – отличия: от других ласточек отличается ржаво-коричневым горлом и длинными крайними перьями хвоста.

Распространение: гнездовая часть ареала широкая – Евразия и Северная Америка, исключая крайние северные и южные их области. В Средней Азии и Туркменистане повсеместно, но больше в долинах Амударьи, Каракумдарьи, Мургаба, Теджена, Этрека и в оазисах. Зимует в Южной Америке, Центральной и Южной Африке, Южной и Юго-Восточной Азии.

Образ жизни: пролетная, гнездящаяся птица. Весенний пролет – в марте-апреле, осенний – с конца сентября и до середины октября. Гнездится в заброшенных зданиях, верандах, складах, а также под мостами и арками. Гнездо – чашечка, слепленная из комочков глины, обильно смоченных слюной птицы, помещается, обычно, у потолка на стене или балке. Между комочками глины птицы вкладывают соломинки и травинки, конский волос. Из-



üçin goşýarlar we okarajygyň içine ýumşak otjagazlary, guş ýeleklerini düşeýärler. Birinji gezek 4-6 we ikinjide – 3-4 sany goňrrak-gyzyl menekli ak ýumurtgalary goýýar, ölçegleri - 13.8 x 19.4 mm. Jüýjeler birinji tapgyrda ýumurtgalardan maý aýynyň soňunda, ikinjisi, iýulyň ahyrynda çykýar. Maýdajyk mörmöjekleri, çy-bynlary howada tutup iýmitlenýär.

Statusy: ekerançylyk ýerlerinde adaty görnüş, käbir ýerlerde öňkülere garanyňda sany azaldy.

нутри гнездо выстилается мягкой травой, перьями. В первой кладке 4-6, во второй 3-4 белых яйца с буро-красными крапинками, размеры 13.8 x 19.4 мм. Птенцы первой кладки появляются в конце мая, второй – в конце июля. Кормятся мелкими насекомыми, включая комаров, которых ловят в воздухе.

Статус: обычный вид, особенно в сельскохозяйственном ландшафте, местами численность, по сравнению с прошлым заметно уменьшилась.

## 233. Daş garlawajy – *Hirundo daurica* – Рыжепоясничная, или даурская ласточка

Meýdan alamatlary: oba garlawajyndan maýda. Ýaşy ýeten horazlarynyň **üstki tarapy** ýaldyrawuk **garamtyl-gök** reňkli. Bili, kellesiniň yz tarapy we gapdallary çypar-gülgüne. **Garyn tarapy we ganatlarynyň aşagy** insiz dik garamtyl menekli **agymtyl-çypar.** Çüňki gara, aýaklary gyzylymtyl-goňur. Ýaş guşlaryň arka tarapy has öçügsi reňkli, bili çypar dälde, kirliräk-ak. Sesi–pessaýja jikgildi. Uzynlygy – 183-198, ganaty – 114.5-116.8, ganatlarynyň gerimi – 314.5-316.5 mm, agramy 17.7-21 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: biliniň we kellesiniň gapdallarynyň çypardygy, bedeniniň aşaky tarapynyň aladygy bilen beýleki garlawaçlardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Günorta Ýewropa, Kiçi, Alynky, Aziýa, Orta Aziýanyň günortasy, Günorta we Günorta-Gündogar Aziýa, Gündogar we Demirgazyk Afrikada (käbir ýerlerinde). Türkmenistanda Köýtendagda höwürtgeleýär, galan böleginde uçup

Полевые признаки: размером меньше деревенской ласточки. Взрослые самцы **сверху темно-синего** блестящего цвета. **Поясница, голова сзади и с боков – рыже-оранжевые**. Брюшная сторона и испод крыла – беловато-рыжеватые с узкими темноватыми продольными пестринами. Клюв черный, ноги красновато-бурые. Молодые отличаются более тусклым цветом спинной стороны, поясница не рыжая, а грязно-белая. Голос – негромкое щебетание. Длина – 183-198, крыло – 114.5-116.8, размах крыльев – 314.5-316.5 мм, вес – 17.7-21 г.

Сходства – отличия: от других ласточек отличается рыжей поясницей и рыжими боками головы, пестрым низом тела.

Распространение: Южная Европа, Малая, Передняя, юг Средней, Южная и Юго-Восточная Азия, Восточная и местами Северная Африка. В Туркменистане гнездится в Койтендаге, в остальных частях может

geçýän mahaly duşmagy mümkin. Günorta (Hindistan, Bangladeş, Mýanma) Aziýada, Merkezi we Günorta-Gündogar Afrikada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýan - höwürtgeleýän guş. Ýazyna aprelde uçup gelýär, güýzine – awgustda uçup gidýär. Çägesow-mele toprakly gum gaýaly köwlerde we adamlaryň ýaşaýan jaýlarynda höwürtgeleýär. Ýekelikde, seýrek, kiçiräk topar bolup gezýär. Maý-iýun aýlarynda 5-6 sany ak reňkli ýumurtgalary guzlaýar, ölçegleri - 13.14 x 19.12 mm, iýulda – jüýjeleri çykýar. Beýleki garlawaçlar ýaly mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sanly, çäkli ýaýran, gowşak öwrenilen görnüş.

попадаться на пролете. Зимует в Южной (Индия, Бангладеш, Мьянма) Азии, Центральной и Юго-Восточной Африке.

Образ жизни: пролетная, гнездящаяся птица. Весной появляется в апреле, осенний отлет в августе. Гнездится по лессово-песчаным оврагам, в жилищах человека. Встречается одиночно, редко небольшими группами. Кладка из 5-6 белых яиц в мае-июне, размеры 13.14 х 19.12 мм, птенцы – в июле. Питается, как и другие ласточки, насекомыми.

Статус: немногочисленный, слабо изученный вид с ограниченным распространением.

### 234. Dag garlawajy – *Delichon urbica* – Воронок

Meýdan alamatlary: gelşikli beden gurluşly uly bolmadyk garlawaç. Kellesi, arkasy, ganatlary we guýrugy goýy gögümtil-gara, bokurdagy, döşi, garny we bili agymtyl ýa-da kirliräk-ak. **Guýrugynyň oýukdygy we guýrugüstiniň inli ak reňklidigi anyk görünýär.** Çüňki gysga we gara, aýaklary ýelek örtükli. Sesi güýçli – “tirrç-tirrç”. Ganaty – 103.9-104.2 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: guýrugynyň üstündäki inli ak reňki bilen beýleki garlawaçlardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän ýerleri giň. Ýewraziýanyň, demirgazyk çaklerinden başga hemme ýerleri. Orta Aziýada we Türkmenistanda daglyk ýerlerde, seyle-de uçup geçende düzlük giňişliklerde duşýar. Günorta we Günorta-Gündogar Aziýada we Afrikanyň, demirgazykgündogar böleginden başgalarynda gyşlaýar.

Полевые признаки: небольшая ласточка компактного телосложения. Голова, спина, крылья и хвост темные – синевато-черные, а горло, грудь, брюшко, и поясница – светлые или грязновато-белые. **Хвост с неглубокой, но ясной вырезкой и широким белым надхвостьем**. Клюв короткий, черный, ноги оперены. Голос – звонкое «тиррч-тиррч». Крыло – 103.9-104.2 мм.

Сходства – отличия: от других ласточек отличается широким белым надхвостьем.

Распространение: область гнездования широкая – почти вся Евразия, за исключением северных областей. В Средней Азии и Туркменистане горные районы, на пролете также на равнинах. Зимуют в Южной и Юго-Восточной Азии и Африке, за исключением северо-восточных частей.



Ýaşaýşy: uçup geçýan - höwürtgeleýän guş. Ýazyna mart-aprelde, güýzine – sentýabrda uçup geçýär. Dagda höwürtgeleýär, adatça, kert gaýalaryň kiçiräk oýuk ýerlerini saýlap alýar. Maý aýynda höwürtgeleýär. 4-6, käte 7 sany arassa ak ýumurtgalary goýýar, ölçegleri - 12.2 x 19.4 mm. Uçurym bolan guşlar iýun-iýul aýlarynda duşýar. Ownuk mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: biziň daglarymyzyň käbir ýerlerinde adaty görnüş.

Образ жизни: пролетно-гнездящаяся птица. Весенний пролет – март-апрель, осенний – в сентябре. Гнездятся в горах, выбирая обычно места на отвесных скалах с небольшими углублениями. Гнезда – в мае. В кладке 4-6, иногда 7, чисто белых яиц, размеры 12.2 х 19.4 мм. Молодые встречаются в июне-июле. Питается мелкими насекомыми.

Статус: в горах у нас местами обычный вид.

## Torgaýlar – *Alaudidae* – Жаворонковые

Açyk meýdan giňişlikleriniň: düzlük meýdanlaryň, sähralyk, çöllük, beýik daglardaky otluk ýerleriň ýaşaýjysy, orta we uly bolmadyk ölçeglerdäki guşlar maşgalasy. Aýaklarynyň yzky barmaklary ýiti we uzyn dyrnakly. Söbüginiň yz tarapy tegelenen we birňäçe teňňejikler bilen örtülen. Ganatlary uzyn hem inli, bu guşlaryň köpüsi saýran mahalynda ganatlaryny tiz kakyp, uçup ýokaryk galýarlar. Torgaý guşlary ýerde köp gezýär we reňki töwerek bilen çalymdaş. Mör-möjekler, ösümlikleriň tohumlary bilen iýmitlenýärler. Ýerde çöl torgaýy gaýalardaky oýuk ýerlerde höwürtgeleýär. 2-6 sany köpsanly çal we goňur meneklije ak ýumurtgalary goýýar. Dünýäde 70-den gowrak görnüş, olardan 14-si Türkmenistanda.

Семейство птиц средних и некрупных размеров – обитатели открытых ландшафтов: полей, степей, пустынь, высокогорных лугов. Ноги сильные с острыми и длинными когтями задних пальцев. Цевка сзади округлая, покрыта несколькими щитками. Крылья длинные и широкие, многим жаворонкам характерен трепещущий полет во время пения. Окраска жаворонков хорошо маскирует их на земле. Питаются насекомыми и семенами растений. Гнездятся на земле, только пустынный жаворонок – в выбоинах скал. Кладка из 2-6 белых с многочисленными серыми и бурыми крапинками яиц. В мире более 70 видов, из них 14 – в Туркменистане.

### 235. Çöl torgaýy – *Ammomanes deserti* – Пустынный жаворонок

Meýdan alamatlary: garasardan sähelçe kiçi. **Gülgüne öwüşginli goňurrak-çal birmeňzeş reňkli. Gözüniň töweregii agymtyl ýelekli.** Kellesiniň üsti dik goňur zolakly. Guýrugynyň üsti agymtyl-

Полевые признаки: величиной несколько меньше скворца. **Общая окраска однотонная буровато-серая с розоватым оттенком**. Вокруг глаз перья беловатые. Верх головы с бурыми продольными полосками.

çypar reňkli. Bedeniniň aşaky tarapy çyparrak-ak. Bokurdagy ak, onuň gapdallary, şeýle-de petekesi we döşüniň öňki bölegi goňurrak meneklenen. Guýrugy, goýy goňur ýelekleri gülgüne-goňurrak jähekli. Çüňki goňurrak-şah reňkli, aýaklary goňurrak. Ýaş guşlaryň arkasyndaky ýelekleri ak jähekli. Sesi–guraksy gysga owaz. Saýraýşy batly – "wit-wit-ti-wit-tit-iri-tit-ti-ti". Uzynlygy 170–180, ganaty – 95-110, ganatlarynyň gerimi – 305-330 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: birmeňzeş gülgüne reňki bilen beýleki torgaýlardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Demirgazyk Afrika, Günorta-Gündogar Aziýa. Merkezi Aziýanyň hemme ýerlerinde. Türkmenistanda Hazar deňziniň gündogar kenaryndan Bathyza, Garabile we Köýtendaga çenli, Günorta Üstýurtda ýaýran.

Ýaşaýşy: höwürtgeleýän, gyşlaýan we göçüp-gonýan guş. Pes daglyk we beýikli-pesli ýerli meýdanlarda ýaşaýar. Jübüt we süri bolup, dag eňňitlerinde, beýik bolmadyk kirşenli baýyrlarda, selçeň ösen gyrymsyly daşly ýerlerde gezýär. Çäge-çöllükde seýrek duşýar. Mart aýynda höwürtgelemäge girişýär, ýylda iki gezek köpelýar, 5-6 sany ýumurtga goýýar. Ösümlikleriň tohumlary we mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: ýeterlik öwrenilmedik, adaty we käbir ýerlerde seýrek görnüş.

Надхвостье бледно-рыжее. Нижняя сторона тела рыжевато - белая. Горло белое, по его бокам, а также на зобе и передней части груди, буроватые крапинки. Конец хвоста темно-бурый с розовато-буроватыми каемками перьев. Клюв буровато-роговой, ноги буроватые. У молодых перья на спинной стороне со светлыми каемками. Голос – короткая сухая трель. Песня – громкое «вит-вит-ти-вит-тит-ири-тит-ти-ти». Длина – 170-180, крыло – 95-110, размах крыльев – 305-330 мм.

Сходства – отличия: от других жаворонков отличается однотонной розоватой окраской.

Распространение: Северная Африка, Юго-Западная Азия. В Средней Азии – повсеместно. В Туркменистане – от восточного побережья Каспийского моря до Бадхыза, Карабиля и Койтендага, на Южном Устюрте.

Образ жизни: гнездящаяся, зимующая и кочующая птица. Населяет низкогорья и предгорные равнины с пересеченным рельефом. Держится парами и стайками на горных склонах, невысоких глинистых холмах, каменистых участках с разреженной растительностью. В песчаной пустыне встречается редко. К размножению приступает рано – в марте, две кладки в году, в кладке 5-6 яиц. Питается семенами и насекомыми.

Статус: обычный, местами редкий, не достаточно изученный вид.

### 236. Mollatorgaý – *Galerida cristata* – Хохлатый жаворонок

Meýdan alamatlary: garasardan biraz kiçi. Üstki tarapy, goňurrak-çal, dik, inli we ortasy garamyl ýelekli. Aşaky tarapy, bokurdagynyň gapdallary we petekesi gara-goňur menekli sarymtyl-ak. Ganatlary we guýrugy goýy goňur. **Kellesi oňat görünýän ýiti uçly hüpükli.** Çüňki uzyn we inçe, aýaklary agymtyl-goňur. Ýaş guşlar ala, ak we goňur menekli goňurrak-çalymtyl, şeýle-de ýeňsesindäki ýelekleri uzalan, guýrugynyň gapdallaryndaky ýelekleri çypar reňkli, arkasy we kellesi tegelegräk sarymtyl-agymtyl tegmili. Sesi – "iri-iri-tri-trii" we assaja "džýui". Saýraýşy–mylaýym, jikgildili owazlaryň toplumy, köplenç ir säherde asmana galyp saýraýar, ýöne guşuň gyrymsylara gonup, oturan wagty saýramagda mümkin. Jübüt we süri bolup ýerde gezýär. Uzynlygy–190–205, ganaty – 95-118, ganatlarynyň gerimi – 330-370 mm, agramy – 45 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: çowly uzyn hüpügi bilen beýleki torgaýlardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Günbatar Ýewropa, Demirgazyk Amerika, Günorta-Günbatar Aziýa. Merkezi Aziýada, şol sanda Türkmenistanyň hemme ýerlerinde.

Ýaşaýşy: oturymly guş, ýerli göçüp - gonma uçuşlary geçirmegi mümkin. Çöllük, ýarym çöllük, gurak sähra, daglyk (1500-1600 m çenli), derýä jülgelerini we oazisleri eýeleýär. Açyk giňişlikli ýerlere ýakyn durýar. Ýylda iki gezek – mart-maý aýlarynda köpelýär. 3-5 sany garamtyl meneklije, agymtyl ýumurtgalary goýýar. Çöl we haşal otlaryň tohumlary, mör-möjekler bilen iýmitlenýär

Statusy: adaty, giň ýaýran, käbir ýerlerde köp sanly guş.

Полевые признаки: величиной несколько меньше скворца. Окраска верха буровато-серая с продольными, широкими и темными центрами перьев. Низ сливочно-белый с черно-бурыми пятнами на боках горла и зобе. Крылья и хвост темно-бурые. **На голове хорошо заметный остроконечный хохол**. Клюв длинный и тонкий, ноги бледно-бурые. Молодые пестрые, буровато-серые с белыми и черными пятнышками, а также удлиненными перьями на затылке и рыжеватой окраской боковых перьев хвоста, с желтовато-беловатыми кругловатыми пятнами на спине и голове. Голос «ири-ири-три-трии» и тихое «джюи». Песня – набор мелодичных трелей, поет чаще по утрам, поднимаясь высоко в небо, но может петь и сидя на кусте. На земле держится парами и стайками. Длина – 190-205, крыло 95-118, размах крыльев – 330-370 мм, вес – 45 г.

Сходства – отличия: хорошо узнаваемый жаворонок. От других жаворонков отличается длинным заостренным хохолком.

Распространение: Западная Европа, Северная Африка, Юго-Западная Азия. В Средней Азии, в том числе и Туркменистане – повсеместно.

Образ жизни: оседлая птица, может совершать местные перемещения. Населяет пустыни, полупустыни, сухие степи, горы (до 1500-1600 м), речные долины и оазисы. Тяготеет к открытым место-обитаниям. Размножается два раза в году, в марте – мае. Кладка из 3-5 беловатых с темными пятнами яиц. Питается семенами пустынных и сорных растений, насекомыми.

Статус: обычная, местами многочисленная птица с широким распространением.

## 237. Sähra torgaýy – *Melanocorypha calandra* – Степной жаворонок

Meýdan alamatlary: garasar olçegli, uly torgaý. Bedeniniň ýokarky tarapy dik goňur menekli goňurrak-çal. Garyn tarapy agymtyl. **Petekesiniň gapdallary uly gara tegmilli, käwagt ol tegmilleriň olaryň birleşmekleri hem mümkin**, döşüniň öň tarapy sarymtyl-goňur menekli. Gaşynyň üstündäki zolak agymtyl. Ganatlary we guýrugy goýy-goňur, guýrugynyň gapdallaryndaky zolak ak. Ýaş guşlaryň ýelekleri ak ýa-da sarymtyl jähekli, petekesi we döşi goýy goňur tegmilli. Çünki we aýaklary sarymtyl-goňur. Ýerde gezýär, köplenç ýokaryk galyp howada saýraýar. Saýraýşy gaty sesleriň, beýleki guşlaryň seslerine öýkünme owazlaryň we sykylyklaryň toplumy. Bedeniniň uzynlygy – 198–220, ganaty – 125-135, gerimi – 385-425 mm, agramy - 43,3 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: petekesindäki iki gara tegmili, alaboýun torgaýdan, ganatlarynyň yzky gyrasyndan geçýän ak zolagy, guýrugynyň gapdalyndaky kiçiräk ak tegmilleri we döşüniň aladygy bilen beýleki torgaýlardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Günorta Ýewropa, Demirgazyk-Günbatar Afrika, Kiçi we Günorta-Günbatar Aziýa. Orta Aziýada sähra we ýarymçöllük düzlükler. Türkmenistanda, Etrekde, Köpetdagda, , Bathyzda, Garabilde, Köýtendagyň eteginde.

Ýaşaýşy: oturymly we göçüpgonýän guş. Dag etekleriniň düzlüklerinde, dagüsti sähralyklarda, oazisleriň gyraýakalarynda ýaşaýar. Höwürtgeleýän wagtlary jübüt we galan döwürde süri bolup, ýerde gezýär.

Полевые признаки: крупный жаворонок, величиной со скворца. Окраска верхней стороны тела буровато-серая с продольными бурыми пестринами. Брюшная сторона светлая. **На боках зоба крупные черные пятна, которые иногда могут соединяться на зобе**, а на передней части груди желтовато-бурые пестрины. Надбровная полоска беловатая. Крылья и хвост темно-бурые, полосы по бокам хвоста белые. Молодые с белыми или желтоватыми каемками на перьях, и темно-бурыми пятнами на зобе и груди. Клюв и ноги желтовато-буроватые. Поет высоко в воздухе чаще, чем на земле. Песня – набор громких звучных трелей и свистов с включением подражаний голосам других птиц. Длина тела 198-220, крыло – 125-135, размах – 385-425 мм, вес – 43.3 г.

Сходства – отличия: от других жаворонков хорошо отличается двумя темными пятнами на зобе, а от двупятнистого жаворонка – белой полосой по заднему краю крыла, небольшими белыми пятнами по бокам хвоста и пестринами на груди.

Распространение: Южная Европа, Северо-Западная Африка, Малая и Юго-Западная Азия. В Средней Азии – степные и полупустынные равнины. В Туркменистане – в низовьях Этрека, предгорья, нижний и средний пояс Копетдага, Бадхыз, Карабиль, предгорья Койтендага.

Образ жизни: оседлая и кочующая птица. Населяет предгорные и нагорные степи, окраины оазисов.



Höwürtgesini ýerde gurýar. Iki gezek – aprel-maý aýlarynda köpelýär. 2-5 sany kirliräk-agymtyl ýa-da goňurrak-çal menekli agymtyl-goňur ýumurtgalary goýýar. Mör-möjekler, çöl hem haşal otlaryň tohumlary bilen iýmitlenýär.

Statusy: dag eteklerinde höwürtgeleýän wagty adaty, käbir ýerlerde köpsanly, ýöne daglyk ýerlerde az sanly görnüş. Gyşyna belli-belli ýerlerde örän köpsanly.

Держится на земле в гнездовое время парами, в остальное – стаями. Гнездо устраивает на земле. Две кладки – в апреле-мае. Кладка из 2-5 грязно-беловатых или бледно-буроватых яиц с буровато-серыми крапинками. Питается насекомыми и семенами пустынных и сорных растений.

Статус: в предгорьях в гнездовое время обычный, местами многочисленный, но в горах немногочисленный вид. В зимнее время местами очень многочислен.

## 238. Alaboýun torgaý – *Melanocorypha bimaculata* – Двупятнистый жаворонок

Meýdan alamatlary: garasar ululygynda. Sähra torgaýyna çalymdaş, ýöne **ganatlarynyň yzky gyrasyndan geçýän ak zolagy we petekesiniň ortasyndaky ownuk menekleri ýok.** Guýrugy, ortaky jübüt ýeleginden galany, ak uçly gara-goňur. Petekesindäki tegmilleri birleşip, insiz kese zolagy döredýär. Ýaş guşlar sähra torgaýyna çalymdaş, ýöne üstüniň umumy reňki çalymtyl. Çüňki we aýaklary sarymtyl-goňur. Saýraýşy – sähra torgaýynyň owazyna örän çalymdaş. Ganaty – 111–119 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: sähra torgaýyna örän çalymdaş, ganatlarynyň yzky gyrasyndan geçýän ak zolagyň we döşünde maýda mekleriň ýoklugy bilen tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Günorta-Günbatar we Merkezi Aziýa. Bizde Demirgazyk-Günbatar we Günorta-Günba-

Полевые признаки: величиной со скворца. Похож на степного жаворонка, **но по заднему краю крыла нет белой полосы и мелких пестрин по центру груди**. Рулевые, кроме средней пары, черно-бурые с белыми вершинами. Пятна на зобе соединены в поперечную узкую полосу. Молодые птицы похожи на степного жаворонка, но общий тон верха сероватый. Клюв и ноги желтовато-буроватые. Поет на земле, но чаще в воздухе. Песня очень похожа на песню степного жаворонка. Крыло – 111-119 мм.

Сходства – отличия: очень похож на степного жаворонка, отличается отсутствием белой полосы по заднему краю крыла и мелких пестрин на груди.

Распространение: Юго-Западная и Средняя Азия. У нас – Северо-Западный и Юго-Западный Туркменистан, Большие и Малые Балханы,

tar Türkmenistanda, Uly we Kiçi Balkanda, Köpetdagda we olaryň eteklerinde, Bathyzda, Garabilde, Köýtendagyň eteginde, şeýle-de Günorta Üstýurtda.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän, ýek-tük gyşlaýan guş. Ýazyna aprelde, güýzine – oktýabryň ikinji ýarymynda we noýabrda uçup geçýär. Selçeň ösümlikli dykyz toprakly, toýunly, daşly we beýleki ýerlerde ýaşaýar. Höwürtgelände jübüt, galan döwürde süri bolup gezýär. Apreliň ortasyndan iýun aralykda ýerde höwürtgeleýär. 3-6 sany goňur meneklije tutuk-agymtyl ýumurtgalary goýýar. Mör-möjekler, çöl we haşal otlaryň tohumlary bilen iýmitlenýär.

Statusy: oňaýly şert bolan ýerlerde adaty, käbir ýerlerde köp sanly guş.

Копетдаг и их предгорья, Бадхыз, Карабиль, предгорья Койтендага, а также на Южном Устюрте.

Образ жизни: пролетная, гнездящаяся, частично зимующая птица. Весенний пролет в апреле, осенний – во второй половине октября и ноябре. Населяет глинистые, каменистые и другие плотнопочвенные участки с разреженной растительностью. Держится на земле в гнездовое время парами, а в остальное – стаями. Гнездится с середины апреля по июнь. Гнездо устраивает на земле. Кладка из 3-6 яиц – грязно-беловатых с бурыми крапинками. Питается насекомыми и семенами пустынных и сорных растений.

Статус: в подходящих условиях обычная, местами многочисленная птица.

### 239. Akganat torgaý – *Melanocorypha leucoptera* – Белокрылый жаворонок

Meýdan alamatlary: serçeden ulurak. **Kellesiniň üsti, egni, boýnunyň gapdallary tegmilli we guýrugynyň üsti çypar reňkli.** Arkasy çalymtyl-goňur, arkasyndaky menekler garamtyl - goňur. Aşagy agymtyl bolup, döşüniň gapdallaryndaky menekler çyparrak reňkli. **Ganatlarynyň yzky gyrasyndan inli ak zolak geçýär**, guýrugynyň gapdallary hem ak zolakly. Gözüne ýanaşyk halkanyň gaşy ak. Duluklary we boýnunyň gapdaly agymtyl menekli. Aşagy ak, döşüniň gapdallary çypar menekli. Ýaşlary ganatlarynyň aşagynyň akdygy, goňur garny we döşi bilen tapawutlanýarlar. Çüňki gara-şah sypatly, aýaklary goňur. Ýerde, käte howa göterilip saýraýar. Saýraýşy ýönekeý öwazlar. Käte beýleki guşlara öýküýän seslerini goşup saýraýar. Uzynlygy – 176–200, ganaty – 122-125, ganatlarynyň gerimi – 355-382, mm, agramy - 47 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: "telpejiginiň", duluklarynyň we egniniň çypardygy bilen beýleki torgaýlardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: sähra zolakda Günorta-Gündogar Ýewropadan gündogara Altaý daglaryna çenli. Türkmenistanda düzlük giňişliklerde, oazisler, ýöne köplenç dag eteklerine ýakyn çekilýär.

Ýaşaýşy: düzlük-sähra görnüş, bizde gyşlaýan guş. Süri bolup, noýabryň başyndan martyň çenli göçüp-gonýar. Haşal otlaryň tohumlary, gyşyna howa maýlanda mör-möjekler bilen iýmitlenýärler.

Statusy: gyşyna adaty, uçup geçende, käbir ýerlerde köpsanly görnüş.

Полевые признаки: заметно крупнее воробья. **Верх головы, плечи, пятна по бокам шеи и надхвостье рыжие**. Спина серовато-бурая, пестрины на спине черновато-бурые. Низ очень светлый с рыжеватыми пестринами по сторонам груди. Бросается в глаза **широкая белая полоса по заднему краю крыла** и белые полоски по бокам хвоста. Кольцо около глаз и бровь также белые. Щеки и бока шеи с беловатыми пятнами. Низ белый с рыжеватыми пестринами по сторонам груди. Молодые птицы отличаются белыми подкрыльями, бурыми брюхом и грудью. Клюв черно-роговой, ноги бурые. Поет, сидя на земле, иногда в воздухе. Песня – несложная трель, иногда включает в себя подражания голосам других птиц. Длина – 176-200, крыло – 112-125, размах крыльев – 355-382 мм, вес – 47 г.

Сходства – отличия: от других жаворонков отличается рыжими "шапочкой", щеками и плечами.

Распространение: степная зона – от Юго-Восточной Европы к востоку до Алтая. В Туркменистане – всюду на равнинах, включая оазисы, но больше тяготеют к предгорьям.

Образ жизни: равнинно-степной вид, у нас зимующая птица. Кочует стаями с начала ноября до марта. Питается семенами сорных растений, а в зимние оттепели также насекомыми.

Статус: зимой обычный вид, на пролетах местами многочисленный.

---

**240.** *Bellik*: Türkmenistana käbir ýyllarda **gara torgaý – *Melanocorypha yeltoniensis*** uçup gelýär, onuň horazynyň ýelek örtügine häsiýetli gara reňki,ony beýleki torgaýlardan oňat tapawutlandyrýar, mäkiýany we ýaş guşlar sähra torgaýyna çalymdaş, emma olaryň boýnunyň gapdallary gara tegmilsiz.

**240.** *Примечание*: на территории Туркменистана в редкие годы, зимой могут отмечаться спорадические залеты из Казахстана **черных жаворонков – *Melanocorypha yeltoniensis*,** самцы которых хорошо отличаются от других жаворонков характерной черной окраской оперения, а самки и молодые похожи на степного жаворонка, но без черных пятен по бокам шеи.

### 241. Kiçi torgaý – *Calandrella brachydactyla* – Малый жаворонок

Meýdan alamatlary: serçe möçberli torgaý. Bedeniniň üstki tarapy garamtyl dik menekli goňur.

Полевые признаки: мелкий жаворонок, не крупнее воробья. Верхняя сторона тела буроватая с

Pelpelleýiş ýelekleri agymtyl, gyralary garamtyl-goňur. **Kellesi çyparrak, bedeniniň aşagy agymtyl. Döşi meneksiz, petekesiniň gapdallary tegmilli.** Ýaş guşlaryň üstki tarapy ala, ýelekleriniň ortasy garamtyl we uçlary ak. Petekesi çyparrak, gapdallary uly menekli. Çüňki pahnaşekilli güýçli, edil girrik guşlaryňky ýaly. Aýaklary goňurrak. Saýraýşy sesli – "wit-wit-ti-wit-tit-iri-tit-ti-ti". Guşlar ýerden bat bilen ýokary göterilip, howada saýraýarlar. Uzynlygy – 150–170, ganaty – 88-98, ganatlarynyň gerimi – 272-303 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: bedeniniň üstki tarapynyň has garamtyl goňurdygy bilen şorluk torgaýdan tapawutlanýar. Meýdanda çal we inçeçüňk torgaýlardan tapawutlandyrmak kyn, ýöne çal torgaýyndan döşünde menekleriň ýokdygy bilen tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: giň, Günorta Ýewropa we Demirgazyk Afrika, Aziýada, gündogara Mongoliýa we Günorta-Gündogar Hytaýa çenli. Orta Aziýada, şol sanda Türkmenistanda düzlükleriň hemme ýerlerinde.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän we gyşlaýan guş. Düzlük giňişlikleriň guşy, ot örtükli toýunsow we dykyz toprakly ýerlerde gezýär, aklaň çägelikden, jülgelerdäki we oazislerdäki agaç, gyrymsy agaçly tokaýlardan gaça durýar. Ýerde jübut, köplenç süri bolup, aýratyn-da, uçup geçýän wagtlary çal torgaýlar bilen bilelikde gezýär. Höwürtgesi ýerde, uly bolmadyk çukurjyk. Aprel-iýun aýlarynda 4-5 sany goňurrak we çalymtyl meneklije, gülgüne-goňur reňkli ýumurtgalary goýýar. Mörmöjekler we ösümlikleriň tohumlary bilen iýmitlenýär.

Statusy: adaty, uçup geçýän mahaly köpsanly, käbir ýerlerde has köpsanly, giň ýaýran guş.

темными продольными пестринками. Маховые перья темноватобурые со светлыми краями. **Голова рыжеватая, низ тела беловатый. Грудь без пестрин, с темными пятнами по сторонам зоба**. Молодые птицы сверху пестрые с черноватыми серединами и белыми концами перьев. Зоб рыжеватый с крупными пестринками по сторонам. Клюв сильный конический, почти как у вьюрковых птиц. Ноги буроватые. Песня – довольно громкое «вит-вит-ти-вит-тит-ири-тит-ти-ти». Птицы поют в воздухе, поднимаясь рывками вверх. Длина – 150-170, крыло – 88-98, размах крыльев – 272-303 мм.

Сходства – отличия: от солончакового жаворонка отличается более темным буроватым верхом тела. В природе трудно отличить от серого и тонкоклювого жаворонков, но от серого отличается отсутствием пестрин на груди.

Распространение: широкое – Южная Европа и Северная Африка, в Азии – к востоку до Монголии и Юго-Восточного Китая. В Средней Азии, в том числе и Туркменистане – повсеместно на равнинах.

Образ жизни: пролетный, гнездящийся и зимующий вид. Равнинная птица, придерживается глинистых и других плотно-почвенных местообитаний с развитым травянистым покровом, избегает барханных песков и древесно-кустарниковых участков в долинах и оазисах. Держится парами, но, в основном, стайками на земле, нередко вместе с серыми жаворонками, особенно на пролете. Гнездо на земле, в небольшом углублении. Кладка из 4-5 розовато-бурых с коричневатыми и сероватыми пятнышками яиц, в апреле - июне. Питается насекомыми и семенами растений.

Статус: обычная, на пролете многочисленная, местами очень многочисленная, широко распространенная птица.



### 242. Çal torgaý – *Calandrella rufescens* – Серый жаворонок

Meýdan alamatlary: serçe ululykdaky kiçi torgaýdan sähelçe ulurak. Bedeniniň üstki tarapy goňur, dik garamtyl menekli. Bedeniniň aşaky tarapynyň we guýrugynyň gapdal zolaklary çyparrak-ak. Gaşy ak. **Döşi dik goňur menekli**, menekleriň böwründe goşulşmagy, tegmil sypatyny berýär. **Ganatlary we guýrugy goňur.** Ýaş guşlaryň ýeleklerinde ak jähegiň güýçli ösendigine garamazdan, onuň reňki biraz garamtyl. Howada saýraýar. Saýraýşy – gysga we hatarly jikgildä meňzeş. Uzynlygy – 160–175, ganaty – 88-105, ganatlarynyň gerimi – 280-320 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: üstki tarapynyň has garamtyl-goňur reňki bilen şorluk torgaýdan, döşündäki menekleri bilen kiçi we inçeçüňk torgaýlardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Ýewropada Ispaniýanyň günorta böleginde, Demirgazyk Afrika, Kiçi, Alynky, Ortaky we Merkezi Aziýada gurak sähralyk, ýarym çöllük we çölleriň hemme ýerlerinde. Türkmenistanda, kiçi torgaý ýaly, düzlük meýdan giňişlikleriniň hemme ýerlerinde duşýar.

Ýaşaýşy: Ähli pasyllarda duşmak mümkin, uçup geçýär, höwürtgeleýär we gyşlaýar. Diňe bir toýunsow

Полевые признаки: мелкий жаворонок, величиной с воробья, чуть крупнее малого жаворонка. Верхняя сторона тела буроватая с темными продольными пестринами. Низ тела и полоски по бокам хвоста рыжевато-белые. Бровь белая. **На груди продольные бурые пестрины**, которые кажутся пятнами при сливании на боках груди. **Крылья и хвост бурые**. Молодые птицы с сильным развитием белых каемок перьев, но несколько темнее. Поет в воздухе. Песня – ряд коротких щебетаний и трель. Длина – 160-175, крыло – 88-105, размах крыльев – 280-320 мм.

Сходства – отличия: от солончакового жаворонка отличается более темной буроватой окраской верха. От малого и тонкоклювого жаворонков – пестринами на груди.

Распространение: в Европе – южная часть Испании, Северная Африка, Малая, Передняя, Средняя и Центральная Азия – везде в сухостепных, полупустынных и пустынных областях. В Туркменистане, также как и малый жаворонок, – повсеместно в равнинной части.

Образ жизни: может быть встречен во все сезоны, пролетает,

ýerlerde däl-de, çöllük ýerlerde hem dag eteklerinde duşýar. Jübüt, esasan-da, süri bolup uçup geçýän mahaly, kiçi torgaýlar bilen bile gezýär. Höwürtgesini ýerde otlaryň sypallaryndan örüp gurýar. Aprel-iýun aýlarynda 4-5 sany goňur meneklije agymtyl ýumurtgalary goýýar. Çöl ösümlikleriniň, haşal otlaryň tohumlary, mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: ýazyna we gyşyna adaty, uçup geçýän döwründe köpsanly, käbir ýerlerde has köpsanly, giň ýaýran guş.

гнездится и зимует. Придерживается не только глинистых, но и песчаных участков, а также лессовых предгорий. Держится парами, но, в основном, стайками на земле, нередко, особенно на пролете, вместе с малыми жаворонками. Гнездо на земле, из травинок. Кладка из 4-5 беловатых с бурыми пятнами яиц, в апреле-июне. Питается семенами пустынных и сорных растений, насекомыми.

Статус: весной и зимой обычная, во время пролетов многочисленная, местами очень многочисленная, широко распространенная птица.

### 243. Şorluk torgaýy – *Calandrella cheleensis* – Солончаковый жаворонок

Meýdan alamatlary: serçe ululykdaky topgaý. **Bedeniniň üstki tarapy açyk reňkli, külreňk-goňur.** Ganatlary we guýrugy goňur, bedeniniň aşak tarapy, gaşy we ganatlaryndaky zolaklar hem-de guýrugynyň gapdallary agymtyl, döşi dik goňur menekli. Gaşy ak. Ýaş guşlaryň ýeleklerinde ak jähegiň güýçli ösendigi üçin, olaryň umumy reňki çalymtyl.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: çal torgaýa örän çalymdaş, açyk-külreňkliligi bilen kiçi we iňçeçüňk torgaýlardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Aziýada Demirgazyk-Gündogar Hazarýakasyndan başlap, Demirgazyk-Gündogar Hytaýa, günorta Tibete çenli. Orta Aziýada, esasan, selçeň ösümlikli şorluk çöllüklerde duşýar. Türkmenistanda – Amyderýanyň ortaky we aşaky akymynyň şorluk we ýanaşyk çöllük ýerlerinde gezýär, olaryň Günbatrda Gazagystanyň Garagalpagystan bilen araçäkleşýän ýerlerinde duşmaklary mümkin.

Ýaşaýşy: uçup geçýän, höwürtgeleýän guş. Şorluklarda saklanýar, ýöne olaryň toýunly we daşly ýerlerde duşmaklary mümkin. Ýerde jübüt we süri bolup gezýär. Höwürtgesini ýerde gurýar. Aprel-iýun aýlarynda 4-5 sany goňur meneklije, agymtyl ýumurtgalary goýýar. Mör-möjekler, haşal otlaryň däneri bilen iýmitlenýär.

Statusy: bizde öwrenilmedik, örän seýrek duşýan guş.

Полевые признаки: мелкий жаворонок величиной с воробья. **Верхняя сторона тела светлая, пепельно-бурая**. Крылья и хвост бурые, нижняя сторона тела, бровь и полоски на крыльях и по бокам хвоста беловатые, на груди продольные бурые пестрины. Бровь белая. Молодые птицы с сильным развитием белых каемок, общий тон сероватый.

Сходства – отличия: очень схож с серым жаворонком, от малого и тонкоклювого жаворонков отличается светло-пепельной окраской.

Распространение: в Азии – от Северо-Восточного Прикаспия на восток до Северо-Восточного Китая, к югу – до Тибета. В Средней Азии, в основном, – солончаковые пустыни с редкой растительностью. В Туркменистане – солончаки и прилегающие пустынные участки среднего и нижнего течения Амударьи, не исключены встречи на Западе и в приграничных районах с Казахстаном и Каракалпакстаном.

Образ жизни: перелетная, гнездящаяся птица. Придерживается солончаковых участков, но может встречаться в глинистых и щебенистых местообитаниях. Держится парами и стайками на земле. Гнездо устраивает также на земле. Кладка из 4-5 беловатых с буроватыми пятнами яиц, в апреле-июне. Питается насекомыми и семенами пустынных и сорных злаков.

Статус: у нас не изученная, очень редкая птица.

### 244. Inçeçüňk torgaý – *Calandrella acutirostris* – Тонкоклювый жаворонок

Meýdan alamatlary: serçe ululykdaky torgaý. Bedeniniň üstki **tarapy çyparrak-çal bolup, arkasy we depesi köpsanly garamtyl tegmilli.** Aşagy çypar öwüşginli agymtyl we döşüniň gapdallary garamtyl tegmilli. Ýerden birden ýokary göterilip, howada saýraýar. Saýraýşy jikgildileriň toplumy. Ganaty 82- 94 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: üstki tarapynyň has garamtyl reňki bilen şorluk torgaýdan, arkasynyň has ýiti çyparrak-çaldygy we aşagynyň akdygy bilen kiçi torgaýdan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Alynky, Ortaky we Merkezi Aziýa, günorta Gündogar Tibet we Günorta Gimalaý daglaryna çenli. Hemme ýerde gurak-sähralyk ýerlere, dag ulgamynyň ýarym çöllüklerine we dagetek düzlüklere ýakyn durýar. Türkmenistanda–käte Bathyzda, Garabilde ýa-da Köýtendagda gabat gelmekleri mümkin.

Ýaşaýşy: adatça, dagyň gurak

Полевые признаки: мелкий жаворонок величиной с воробья. Верхняя сторона **тела рыжевато-серая с многочисленными темными пятнами на спине и темени**. Низ беловатый с рыжеватым налетом и темными пятнами по бокам груди. Поют в воздухе, поднимаясь рывками вверх. Песня – набор щебетаний. Крыло – 82-94 мм.

Сходства – отличия: от солончакового жаворонка отличается более темной окраской верха, от малого жаворонка – более яркой рыжевато-серой спиной и белым низом.

Распространение: Передняя, Средняя и Центральная Азия, к югу до Восточного Тибета и Южных Гималаев. Всюду тяготеет к сухим степям и полупустынным участкам горных и предгорных областей. В Туркменистане спорадически может быть встречен в Бадхызе, Карабиле или Койтендаге.

eteklerinde we selçeň ösümlikli aşaky kemerlerinde ýaşaýar. Ýerde höwürtgeleýär. Aprel-iýun aýlarynda 3-4 sany goňur meneklije, çalymtyl ýumurtgalary goýýar. Mör-möjekler we ösümlikleriň tohumlary bilen iýmitlenýär.

Statusy: Türkmenistanda örän seýrek we heniz öwrenilmedik diýen ýaly.

Образ жизни: обычно встречается в сухих предгорьях и нижнем поясе гор с редкой растительностью. Гнездо на земле. Кладка из 3-4 сероватых с бурыми пятнышками яиц, в апреле-июне. Питается насекомыми и семенами растений.

Статус: в Туркменистане очень редкая и почти не изученная птица.

### 245. Tokaý torgaýy – *Lullula arborea* – Лесной жаворонок

Meýdan alamatlary: serçe ululykda. Bedeniniň üstki tarapy anyk görünýan dik gara menekli, çyparrak-goňur. Duluklary, ganatlary we guýrugy çyparrak-goňur. Bedeniniň aşagy agymtyl bolup, bokurdagy, petekesi garamtyl menekli, döşi-insiz dik goňur menekli. **Gözüniň üstündäki we depesiniň gapdalaryndaky inli agymtyl zolaklar** ýeňsesinde birleşýär. Kellesi kiçiräk hüpükli. Ganatlary goýy-goňur, ýelekleri ýagty jäheklenen bolup, agymtyl uçly. Gysga guýrugy goňur, insiz ak jähekli. Ýaş guşlaryň üstki tarapynyň reňki ala, arkasynyň we depesiniň ýelekleriniň ortasy gara we uçlary ak jähekli. Çüňki şah reňkli, aýaklary goňur. Saýraýşy batly sesli – "ýuli-ýuli-ýuli-ýul-ýul-ýulýu-ýulýu". Uzynlygy – 140–165, ganaty - 90-100, ganatlarynyň gerimi – 283-325 mm, agramy – 20-26 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: gaşynyň agymtyldygy, ölçegleriniň maýdadygy we guýrugynyň gysgadygy bilen meýdan torgaýdan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Ýewropanyň, demirgazyk çäklerinden başgalarynda, Afrikanyň demirgazyk-günbatar çetleri, Kiçi Aziýa, Kawkaz we Demirgazyk Eýran. Orta Aziýada daglyklarda, Türkmenistanda – Uly Balkanda we Köpetdagda.

Ýaşaýşy: oturymly görnüş. Daglaryň selçeň gyrymsyly we agaçly sähralyk ýerlerde ýaşaýar. Ýerde gezýär, käte gyrymsy agaçlarda gonýar. Jübüt we süri bolup gabat gelýär. Ýerde höwürtge gurýar. Aprel-iýun aýlarynda 5-6 sany goňur menekli, ak ýumurtgalary goýýar. Mör-möjekler, ösümlikleriň tohumlary bilen iýmitlenýär.

Statusy: amatly şert bolan ýerlerde adaty, käbir ýerlerde seýrek, gowşak öwrenilen guş.

Полевые признаки: величиной с воробья. Верхняя сторона тела рыжевато-бурая с четкими темными продольными пестринами. Щеки, крылья и хвост рыжевато-бурые. Низ тела беловатый с черноватыми крапинками на горле, зобе, а на груди узкие продольные бурые пестрины. **Над глазом и по бокам темени широкие беловатые полосы**, которые соединяются на затылке. На голове небольшой хохолок. Крылья темно-бурые со светлыми каемками и беловатыми концами перьев. Хвост короткий бурый с белой узкой каемкой. Молодые птицы сверху пестрой окраски, перья спины и темени с черным центром и беловатой каймой на конце. Клюв рогового цвета, ноги бурого. Песня – очень громкое «юли-юли-юли-юль-юль-юль-юлю-юлю». Длина – 140-165, крыло – 90-100, размах крыльев – 283-325 мм, вес – 20-26 г.

Сходства – отличия: от полевого жаворонка отличается светлой бровью, мелкими размерами и коротким хвостом.

Распространение: Европа, кроме северных областей, крайний северо-запад Африки, Малая Азия, Кавказ и Северный Иран. В Средней Азии – горные районы, в Туркменистане – Большие Балханы и Копетдаг.

Образ жизни: оседлый вид. Населяет нагорные степи с разреженными кустарниками и древесными участками. Держится на земле, иногда садится и на кусты. Встречается парами и стайками. Гнездо на земле. Кладка из 5-6 белых с буроватыми пятнышками яиц, в апреле-июне. Питается насекомыми и семенами злаков.

Статус: в подходящих условиях обычная, местами редкая, слабо изученная птица.

### 246. Meýdan torgaýy – *Alauda arvensis* – Полевой жаворонок

Meýdan alamatlary: serçeden sähelçe uly. Bedeniniň üstki tarapy çyparrak, dik goňur menekli, çalymtyl-goňur. Aşagy çyparrak-agymtyl, döşi maýda goňur menekli. Guýrugynyň gapdallary we ganatlarynyň yzky gyrasy insiz ýagty zolakly. Gaşynyň üstünden çyparrak-agymtyl zolak geçýär. **Duluklary poslurak-goňur. Kellesinde inli, ýöne beýik bolmadyk hüpüjigi bolýar.** Ýaş guşlaryň arkasy ala, ýelekleriniň ortasy garamtylrak, gyralary agymtyl jähekli, ýelekleri aşagyndan – damjasypat çyparrak tegmilli. Saýraýşy – ses saýramalarynyň toplumy. Uzynlygy – 170-205, ganaty – 99-124, ganatlarynyň gerimi – 329-381 mm, agramy - 35.5-44.5 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: guýrugynyň has uzyndygy we ganatynyň yzky gyrasynda insiz agymtyl zolagyň bardygy bilen kiçi meýdan torgaýyna örän meňzeş, ýöne ondan sähelçe ulurak. Kellesinde uzyn hüpüginiň ýokdygy, guýrugynyň gapdallaryn-

Полевые признаки: несколько крупнее воробья. Верхняя сторона тела рыжеватая, серовато-бурая с продольными бурыми пестринами. Низ рыжевато-беловатый, на груди мелкие бурые пестрины. По бокам хвоста и заднего края крыльев – узкие светлые полоски. Надбровные полосы рыжевато-беловатые. **Щеки ржавчато-буроватые. На голове заметен широкий, но не высокий хохолок**. Молодые птицы на спинной стороне пестрые, перья с черноватыми серединами и беловатыми каймами, перья снизу рыжеватые с каплевидными пятнами. Песня – набор звонких трелей. Длина – 170-205, крыло – 99-124, размах крыльев – 329-381 мм, вес – 35.5-44.5 г.

Сходства и отличия: очень похож на индийского жаворонка, но чуть крупнее и с более длинным хвостом и светлой узкой полоской по заднему краю крыла. В отличие

daky zolagyň çypar däl-de, aksowultdygy bilen mollatorgaýdan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: giň. Demirgazyk Afrika, Ýewropa we tutuş Aziýa diýen ýaly, günorta Eýrana, Demirgazyk Owganystana we Günorta-Günbatar Pamir dagyna çenli. Orta Aziýanyň günorta we günorta-gündogar çäklerinde, Türkmenistanda höwürtgeleýän wagty: Uly Balkanda we Köpetdagda, güýz-gyş döwründe hemme ýerlerde, ýöne köplenç düzlük, dageteklerinde we oazislerde.

Ýaşaýşy: uçup geçýän, gyşlaýan we höwürtgeleýän guş. Ýazyna fewral- aprel aralykda, güýzine – oktýabr noýabr aralygynda uçup geçýär. Açyk giňişlikleri, çemenlik, düzlük ýerleri, dag üstüniň sährallyklaryny, derýa jülgelerini eýeleýär. Höwürtgesi ýerde. Aprel-iýun aýlarynda 4-5 sany garamtyl meneklije, çalymtyl ýumurtgalary goýýar. Uçup geçýän we gyşlaýan guşlar süri bolup, käte kiçi meýdan ýa-da çal torgaýlar bilen bilelikde gezýär. Ösümlikleriň tohumlary we mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: höwürtgeleýän döwründe az sanly, uçup geçýän mahaly adaty, gyşlanda–köpsanly, hatda düzlükleriň käbir ýerlerinde has köpsanly görnüş.

от хохлатого жаворонка на голове нет длинного хохолка, а хвост с белесыми, а не рыжими полосками по бокам.

Распространение: широкое – Северная Африка, Европа и почти вся Азия к югу до Ирана, Северного Афганистана и Юго-Западного Памира. В Средней Азии – южные и юго-восточные области, в Туркменистане – на гнездовье – в Больших Балханах и Копетдаге, в осенне-зимнее время – повсеместно, но больше на равнинах, в предгорьях и оазисах.

Образ жизни: пролетная, зимующая и гнездящаяся птица. Весенний пролет с февраля по апрель, осенний – с октября по ноябрь. Населяет открытые пространства, луга, поля, нагорные степи, речные долины. Гнездо на земле. Кладка из 4-5 сероватых с темными пятнами яиц, в апреле – июне. На пролете и зимовке птицы держатся стайками, нередко вместе с малыми или серыми жаворонками. Питается семенами растений и насекомыми.

Статус: в гнездовое время немногочисленный вид, на пролете – обычный, на зимовке многочисленный, местами в равнинной части даже очень многочисленный.

### 247. Kiçi meýdan torgaýy – *Alauda gulgula* – Индийский жаворонок

Meýdan alamatlary: **meýdan torgaýyndan tapawutlan-maýar diýen ýaly, ýöne biraz maýda we ganatlarynyň yzky gyrasynda agymtyl zolagy ýok**, guýrugy sähelçe gysga. Ganaty 86.5–103 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: çüňküniň pahnasypatly däl-de, has inçeligi bilen kiçi we çal torgaýlardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Orta Aziýada Köpetdagdan we Tejen derýasynyň jülgesinden gündogara Çu we Syrderýa jülgelerine çenli. Türkmenistanda – Köpetdagyň, Köýtendagyň etekleri, Bathyz, Garabil, Etrek, Tejen, Murgap, Amyderýa jülgeleri.

Ýaşaýşy: uçup geçýän, gyşlaýan we höwürtgeleýän guş. Açyk meýdan giňişliklerinde – dagetek düzlüklerinde, derýa jülgelerinde ýaşaýar. Jübüt we süri bolup, aýratyn-da, uçup geçip gidende we gyşlanda gezýär. Höwürtgesini ýerde gurýar. Aprel-iýunda 3-5 sany meneklije çalymtyl ýumurtgalary goýýar. Mör-möjekler, çöl ösümlikleriniň we haşal otlaryň tohumlary bilen iýmitlenýär.

Statusy: adaty, amatly şert bolan ýerlerde, aýratyn-da, derýa jülgelerinde sany köp görnüş.

Полевые признаки: **в природе почти не отличим от полевого жаворонка, но мельче и по заднему краю крыла нет светлой полосы**, хвост чуть короче. Крыло – 86.5-103 мм.

Сходства и отличия: от малого и серого жаворонков отличается более тонким – **не коническим клювом**.

Распространение: в Средней Азии – от Копетдага и долины Теджена к востоку до долин Чу и Сырдарьи. В Туркменистане – предгорья Копетдага, Бадхыз, Карабиль, предгорья Койтендага, долины Этрека, Теджена, Мургаба и Амударьи, на пролете шире.

Образ жизни: пролетная и гнездящаяся птица. Населяет открытые пространства – предгорные равнины, поля и речные долины. Держится парами и стайками, особенно на пролете. Гнездо на земле. Кладка – 3-5 сероватых яиц с пятнами, в апреле-июне. Питается насекомыми и семенами пустынных и сорных злаков.

Статус: обычный вид, в подходящих условиях, особенно в речных долинах, численность выше.

### 248. Şahlyja torgaý – *Eremophila alpestris* – Рогатый жаворонок

Meýdan alamatlary: serçeden ulurak. Bedeniniň üstki tarapy gowşak, gülgüne öwüşginli çalymtyl, garny–ak. Ýeňsesi we boýnunyň yzy gülgüne-çal. Ganatlary goýy goňur, ýelekleri agymtyl nagyşly. Guýrugy gara, ýelekleri agymtyl jähekli. **Kellesiniň iki tarapy "şahjagazlar" görnüşli inçeden uzyn gara reňkli ýelekli. Maňlaýy ak ýa-da limonpisint-sary, petekesi gara**, bokurdagy agymtyl-sary. Mäkiýany maýdarak bolup, gowşak ösen "şahjagaz" dessejikli. Ýaş guşlaryň üsti ala, maýda ýelekleriniň uçlarynyň öňi gara we uçlary ak tegmilli. Bokurdagy agymtyl-sary. Çüňki garamtyl, aýaklary gara. Saýraýşy jikgildileriň

Полевые признаки: крупнее воробья. Верхняя сторона тела сероватая со слабым розоватым оттенком, брюшко белое. Затылок и зашеек розовато-серые. Крылья темно-бурые со светлыми каемками перьев. Хвост черный, с беловатыми ободками перьев. **На голове по обеим сторонам – «рожки» в виде тонких длинных перьев черного цвета. Лоб и горло белые, зоб черный**. Самка мельче и со слабо развитыми пучками «рожек». Молодые птицы сверху пестрые, с черным предвершинным и белым вершинным пятнами на мелких перьях. Горло также бледно-желтое. Клюв черноватый, ноги

toplumy. Uzynlygy – 178–201, ganaty – 98-120, ganatlarynyň gerimi – 320-365 mm, agramy - 32-36 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: kellesindäki gara "şahjagazlary" bilen beýleki torgaýlardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: giň, ýone bölekleýin. Demirgazyk Amerikada, Ýewraziýada (tundrada, sähralyklarda, demirgazyk çöllüklarde, beýik daglarda), Afrikanyň demirgazyk - günbatar gyraçetlerinde. Orta Aziýada ýarym çöllüklerde, çöllüklerde, daglaryň gurak sähralyklarynda. Türkmenistanda Garabogaz ýakasynda, Türkmenbaşy belentliginde (käbir ýerlerinde), Uly we Kiçi Balkan daglarynda, Köpetdagda we Bathyzda.

Ýaşaýşy: oturymly guş, güýzgys aýlary göçüp-gonma hereketlerini edýär. Gurak, beýikli-pesli ýerlerde we selçeň ösümlikli daşly dag eňňitlerinde gezýär, käte düzlük we çöl giňişliklerinde hem duşmagy mümkin. Jübüt we süri bolup ýerde gezýär. Aprelden iýun aýyna çenli dagyň aşaky we ýokarky guşaklyklarynda höwürtgeleýär. Höwürtgesi ýerde, içine ýumşajyk sypallar düşelen kiçiräk çukurjyk. 3-5 sany goňur meneklije, kirliräk-ak ýumurtgalary goýýar. Mör-möjekler we ýabany ösümlikleriň tohumlary bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sanly, gyşky göçüpgonýan döwründe bölekleýin ýaýran adaty guş.

черные. Песня – набор щебетаний. Длина – 178-201, крыло – 98-120, размах крыльев – 320-365 мм, вес – 32-36 г.

Сходства – отличия: от других жаворонков хорошо отличается черными «рожками» на голове.

Распространение: широкое, но прерывистое – в Северной Америке, Евразии (тундры, степи, северные пустыни, высокогорья), на крайнем северо-западе Африки. В Средней Азии – полупустыни, пустыни, сухие горные степи. В Туркменистане – Прикарабогазье, Красноводское плато (местами), Большие и Малые Балханы, Копетдаг и его предгорья, Бадхыз.

Образ жизни: оседлая птица, предпринимает осенне-зимние кочевки. Населяют сухие холмистые участки и щебнистые склоны гор со скудной растительностью, иногда могут быть встречены и на равнине в пустыне. Держатся парами и стайками на земле. Гнездятся как в нижнем, так и верхнем поясе гор, с апреля по июнь. Гнездо на земле в небольшой ямке с мягкой выстилкой. Кладка – 3-5 грязно-беловатых яиц с бурыми многочисленными пятнышками. Питается насекомыми и семенами диких злаков.

Статус: немногочисленная, на зимних кочевках обычная птица с неравномерным распространением.

## Geçiguşlar – *Motacillidae* – Трясогузковые

Adatça uzyn guýrukly, kiçiräk süýnmek kelleli, başgalara garanyňda inçe, bizşekilli uzalan çüňkli, serçe ululykda bolan maýda guşlar maşgalasy. Bu guşlara guýrugyny durnuksyz ýaýkamak alamaty häsiýetlidir. Açyk meýdanlarda ýaşaýarlar, suwa ýakyn ýerleri halaýarlar, ýerde iýmitlenip, dürli oňurgasyzlary çöpleýärler, käte mör-möjekleri howada tutmaklary hem mümkin. Hemmesi 53, Türkmenistanda 11 görnüş.

Семейство мелких птиц величиной с воробья, обычно с длинным хвостом, небольшой вытянутой головой с тонким, относительно длинноватым, шиловидным клювом. Характерная особенность этих птиц – покачивание хвостом. Обитатели открытых пространств, предпочитают околоводные местообитания, кормятся на земле, собирая разных беспозвоночных, могут ловить насекомых в воздухе. Всего 53, в Туркменистане 11 видов.

### 249. Meýdan atjagazy – *Anthus campestris* – Полевой конёк

Meýdan alamatlary: bedeni süýnmegräk gelşikli guş. **Üstki taparynyň reňki goňurrak-çal, agymtyl köp bolmadyk goňur menekli. Aşaky tarapy meneksiz çyparrak-agymtyl, döşi anyk bolmadyk seýrek zolakly.** Güýz-gyş döwründäki reňkinde toýunsypatsary öwüşgin ýokundysy bar. Aýaklary agymtyl, inçeden uzyn we berdaşly. Ýaş guşlaryň arka tarapy ala, ýelekleri çyparrak jähekli. Garyn tarapy kirliräk - ak, ýeňiljek çypar ýokundyly. Ýerde köp gezim edýär. Ýerde, şeýle-de gyrymsylara gonýar. Sesi – gysga "twi" ýa-da "siriýui", saýraýşy – gysga, owazly. Uzynlygy – 165, ganatlarynyň gerimi – 250-280 mm, agramy 15-29 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: agymtyl inli gaşy bilen beýleki atjagazlardan, ölçegleriniň maýdalygy we üstki tarapynyň reňkiniň has çaldygy bilen sähra atjagazyndan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi Ýewropanyň günorta bölegi, Günbatar Sibiriň günorta bölegi, Gazagystan, Orta we Merkezi Aziýa. Türkmenistanda dag eteklerinde we daglyk ýerlerde, uçup geçende düzlüklerde hem

Полевые признаки: стройная птица с удлиненным телом. **Сверху окраска коричнево-серая, светлая, с немногочисленными бурыми пестринками. Нижняя сторона рыжевато-беловатая без пестрин, на груди неясные редкие полоски**. В осенне-зимний период в окраске сильно развит налет глинисто-желтого оттенка. Ноги светлые, тонкие, удлиненные и крепкие. У молодых спинная сторона пестрая с рыжеватыми каемками перьев. Брюшко грязно-беловатое с легким рыжеватым налетом. Много передвигаются по земле. Поют как на земле, так и на верхних веточках кустов. Голос – короткое «тви» или «цириюи», песня – короткая трель. Длина – 165, размах крыльев – 250-280 мм, вес 15-29 г.

Сходства – отличия: от других коньков отличается широкой беловатой бровью; от степного конька – чуть меньшими размерами и более серой окраской верха.

Распространение: гнездовая часть ареала – южная половина Европы, южные части Западной Сибири, Казахстан, Средняя и Центральная Азия. В Туркменистане – предгорные и горные районы, на пролете также может быть встречен

duşmagy mümkin. Demirgazyk we Gündogar Afrikada, Ýakyn Gündogarda, Alynky we Günorta Aziýada (Hindistanda) gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän, höwürtgeleýän guş, aprel aýynda uçup gelýär, sentýabr-oktýabrda–uçup gidýär. Dag jülgelerini, belentlik ýaýlalary, dag eňňitleriniň otluk we daşlyk ýerlerini eýeleýär. Ýekelikde we jübüt, uçup geçende süri bolup, ýerde gezýär. Maý-iýun aýlarynda 4-5 sany garamtyl meneklije agymtyl, ýaşylymtyl ýa-da gyzylymyl ýumurtgalary goýýar, ölçegleri – 21.4 x 16.9 mm. Maýda mör-möjekler (perdeganatlylar, maýda tomzaklar, teňňeganatlylar) bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sanly, amatly bolan ýerlerde çäkli ýaýran adaty görnüş.

и на равнинах. Зимует в Северной и Восточной Африке, на Ближнем Востоке, в Передней и Южной Азии (Индостан).

Образ жизни: пролетная, гнездящаяся птица; прилетает в апреле, отлетает в сентябре-октябре. Населяет горные долины, платообразные участки и травянистые, щебнистые горные склоны. Держится на земле в одиночку и парами, на пролете – стайками. Гнезда обычно в ямке на земле под прикрытием травы или кустиков. Кладка из 4-5 беловатых, зеленоватых или красноватых с темными пятнами яиц, в мае-июне; размеры – 21.4 х 16.9 мм. Питаются мелкими насекомыми (перепончатокрылые, мелкие жуки, чешуекрылые).

Статус: немногочисленный, в подходящих местах обычный вид с ограниченным распространением.

---

**250.** *Bellik*: **Sähra atjagazy – *Anthus richardi* –** Türkmenistana örän seýrek uçup gelýär (birnäçe gezek duşulan bolmagy mälim). Olaryň arasynda meýdan atjagazy iň ulusy bolup, ol guýrugynyň we aýaklarynyň has uzyndygy, şeýlede beýlekilere garanyňda, çüňküniň uzyndygy we güýçlidigi bilen kowumdaşlaryndan tapawutlanýar.

**250.** *Примечание*: в Туркменистан очень редко может залетать (известно несколько случаев) **степной конёк – *Anthus richardi,*** самый крупный из коньков, который отличается также более длинным хвостом и ногами, а также относительно удлиненным и сильным клювом.

## 251. Tokaý atjagazy – *Anthus trivialis* – Лесной конёк

Meýdan alamatlary: **kellesi we arkasy çalymtyl-ýaşylymtyl öwüşginde dik goňur zolakly.** Aşagy garyn tarapyna agarýan **çyparrak-sarymtyl reňkli, petekesi we döşi inli gara menekli.** Ganatlary goňur, ýelekleri agymtyl jähekli. Gowşak oýuk guýrugynyň çetki gapdal ýelekleri–agymtyl. Çüňki goňurrak, aýaklary sarymtyl-goňur. Ýaş guşlar has goňur ýokundyly. Sesi gysga – “sit-sit”, saýraýşy sesli – “sip-sip-sia-sia”. Uzynlygy – 168-171, ganaty – 84-87, ganatlarynyň gerimi – 275-277 mm, agramy -12-28 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: çemen atjagazy bilen çalymdaş, tebigatda olary tapawutlandyrmak kyn, ýöne arka tarapyndaky gara zolaklaryň we böwürlerindäki çyzyklaryň çemen atjagazynyňky ýaly inli däldigi, üns berip synlanyňda, anyk görünýär; ol yzky barmagynyň dyrnagynyň güýçli egmekdigi boýunça has ýakyn aralykdan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän ýerleri – Ýewropa, onuň demirgazyk-gündogar böleginden başgalary, Günorta Sibir, Gazagystan, Alynky we Orta Aziýa. Türkmenistanda, esasan, düzlüklerde, dagda az mukdarda duşýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän görnüş. Ýazyna apreliň başynda we maýda, güýzine – awgust-sentýabrda uçup geçýär. Dag eteklerinde, jülgelerde we oazislerde, ýaýlalarda, çölde gyrymsylaryň gür ösen ýerlerinde ýaşaýar. Ýekelikde, jübüt bolup ýerde we agaçlaryň üstünde, uçup geçende süri bolup gezýär. Mör-möjekler bilen iýmitlenýär, iýmiti, esasan, ýerden çöpleýär, käte uçup tutýar.

Statusy: seýrek, uçup geçende, amatly bolan ýerlerde adaty guş.

Полевые признаки: **на голове и спине бурые продольные полосы на серо-зеленоватом фоне**. Нижняя **сторона рыжевато-желтоватая**, белеющая на брюшке, на **зобе и груди широкие черные пестринки**. Крылья бурые со светлыми каймами перьев. Крайние боковые перья слегка выемчатого хвоста – беловатые. Клюв буроватый, ноги желтовато-бурые. Молодая птица более буроватого тона. Голос – короткое «цит-цит», песня – громкое «сип-сип-сиа-сиа». Длина – 168-171, крыло – 84-87, размах крыльев – 275-277 мм, вес – 12-28 г.

Сходства – отличия: очень схож с луговым коньком, в природе почти не отличим, но при внимательном рассмотрении заметно, что темные полоски на спине менее четкие, а на боках тела штрихи не столь широкие, как у лугового конька; на очень близком расстоянии отличается по сильно изогнутому когтю заднего пальца.

Распространение: область гнездования – Европа, кроме северо-восточной ее части, Южная Сибирь, Казахстан, Передняя и Средняя Азия. В Туркменистане, в основном, на равнинах, меньше в горах.

Образ жизни: пролетный вид. Весной с начала апреля и в мае, осенью – в августе-сентябре. Населяет предгорья, долины и оазисы, поляны, в пустыне – в заросших участках. Держится на земле и на деревьях в одиночку, парами, на пролётах – стайками. Питаются насекомыми, пищу, в основном, собирают на земле, иногда на лету.

Статус: редкая, в подходящих местах на пролете обычная птица.

## 252. Çemen atjagazy – *Anthus pratensis* – Луговой конёк

Meýdan alamatlary: tokaý atjagazyndan maýda. Horazynyň reňki mäkiýanyna meňzeş–**üstki tarapy**

Полевые признаки: размером мельче лесного конька. Самец и самка окрашены одинаково – **сверху**

**goňur** gowşak ýaşylymtyl öwüşginli we anyk, aýratyn-da, güýzüne, **kellesi we arkasy dik garamtyl zolakly.** Aýaklary agymtyl. Sesi gysga – "pit". Howadaky saýraýşy birmeňzeş –"it-it-ititi". Süri bilup gezýär. Uzynlygy – 152-158, horazlarynyň ganatlary – 74-86, mäkiýanlarynyňky – 73-84 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: bedeniniň üstki tarapynyň açyk ýaşylymtyl-çaldygy, has ýakyndan synlanyňda bolsa, yzky barmagynyň uzyn dyrnagynyň gowşak egmekdigi bilen beýleki atjagazlardan; arka tarapyndaky anyk garamtyl zolaklary we bedeniniň gapdallaryndaky inli çyzyjaklary bilen tokaý atjagazyndan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi–Ýewropanyň demirgazyk bölegi we Günbatar Sibir. Orta Aziýada, şol sanda Türkmenistanda, uçup geçende giň ýaýran, ýöne köplenç jülgelere we oazislere ýakyn durýar. Günbatar we Günorta Ýewropada, Demirgazyk Afrikada, Kawkazda, Kiçi, Alynky Aziýada we Orta Aziýanyň günortasynda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-gyşlaýan guş, sentýabryň soňyndan apreliň ortasyna çenli, käte gijiräk gabat gelýär. Aglaba, suwarymly ekerançylyk ýerlerinde, kanallaryň ýakasynda, derýalaryň joşup suw basan çygly ýerlerinde saklanýar. Mör-möjekler (ýaprakçy tomzaklaryň liçinkalary, uzynaýak çybynlar we möýler) bilen iýmitlenýär.

Statusy: güýz-gyş döwründe adaty görnüş.

**бурые** с легким зеленоватым оттенком и четкими, особенно осенью, **темными продольными полосками на голове и спине**. Ноги светлые. Голос – короткое «пит». Песня в воздухе – однообразное «ит-ит-итити». Держатся стайками. Длина – 152-158, крыло у самцов – 74-86, у самок – 73-84 мм.

Сходства – отличия: от других коньков отличается светлым зеленовато-серым верхом тела, а при очень близком рассмотрении – длинным слабо изогнутым когтем заднего пальца. От лесного конька – более четкими темными полосами на спине и жирными черточками на боках тела.

Распространение: гнездовая часть ареала – северная половина Европы и Западной Сибири. В Средней Азии, в частности, в Туркменистане на пролете – широко, но больше тяготеет к долинам и оазисам. Зимуют в Западной и Южной Европе, Северной Африке, на Кавказе, в Малой, Передней и на юге Средней Азии.

Образ жизни: пролетная, зимующая птица, встречается с последних чисел сентября и до середины апреля, иногда позже. В сельскохозяйственном ландшафте держатся чаще по берегам каналов, в поймах рек, по сырым участкам. Питаются насекомыми (личинками листоедов, комаров-долгоножек), пауками.

Статус: в осенне-зимнее время обычный вид.

### 253. Gyzyl petekeli atjagaz – *Anthus cervinus* – Краснозобый конёк

Meýdan alamatlary: serçeden has kiçi, maýda atjagaz. Bokurdagy, petekesi we döşi posreňk-gyzgylt, ýöne **güýz - gyş döwründe, bizde duşýan wagty, ýelek örtüginde poslyrak-gyzgylt öwüşgini bolmaýar.** Sesi "psýurris" ýa-da "pýurris". Uzynlygy – 170-173, ganaty – 84-87, ganatlarynyň gerimi – 275-282 mm, agramy - 20.3 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: çemen we tokaý atjagazlary bilen ça-lymdaş (ýöne ýazyna bedeniniň aşaky tarapynda gyzgylt öwüşgini bolýar). Bilindäki we guýrugynyň üstündäki anyk garamtyl menekleri bilen çemen atjagazyndan we aşak tarapynyň uly garamtyl tegmilli goýy çypardygy, arkasynyň öň tarapynyň has ýagty zolaklydygy bilen tokaý atjagazyndan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Ýewraziýanyň tundra, tokaýlytundra, taýganyň demirgazyk böleginde höwürtgeleýär; Orta Aziýanyň we Türkmenistanyň hemme ýerlerinden giň ýaýrawda uçup geçýär. Gündogar Afrikada, Alynky Aziýada, Hindistanyň demirgazyk çäklerinde we Günorta-Gündogar Aziýada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän görnüş, ýazyna–aprel-maýda, güýzine – sentýabrda uçup geçýär. Antropogen landşaftlaryň, jülgeleriň we dag etekleriniň yzgarly ýerlerinde saklanýar.

Statusy: az sanly görnüş, amatly bolan ýerlerde sany ýokary.

Полевые признаки: мелкий конёк, размером мельче воробья. Горло, зоб и грудь ржаво-красноватые, но **в осенне-зимнее время, когда встречается у нас, ржаво-красные оттенки в оперении отсутствуют**. Голос – «псюррись» или «пюррись». Длина – 170-173, крыло – 84-87, размах крыльев – 275-282 мм, вес – 20.3 г.

Сходства – отличия: схож с луговым и лесным коньками (однако, весной имеет красноватые тона в окраске нижней стороны тела). От лугового конька отличается четкими темными пестринами на пояснице и надхвостье. От лесного конька – более рыжеватым низом с крупными темными пестринами и более светлыми полосками на передней части спины.

Распространение: в Евразии гнездится в зоне тундры, лесотундры, отчасти северной тайги; на пролете шире, в том числе, по всей Средней Азии и Туркменистану. Зимует в Восточной Африке, Передней Азии, северных областях Индостана и Юго-Восточной Азии.

Образ жизни: пролетный вид, весной – в апреле-мае, осенью – в сентябре. Придерживается влажных местообитаний в антропогенном ландшафте, долинах и предгорьях.

Статус: немногочисленный вид, в подходящих местообитаниях численность выше.

### 254. Dag atjagazy – *Anthus spinoletta blakistoni* – Горный конёк

Meýdan alamatlary: bedeniniň üstki tarapy çalymtyl, aşagy – çyparrak, **döşi solak gülgüne öwüşginli.** Ýaş guşlaryň güýz-gyş ýelek örtüginde tegmilleriň, şol

Полевые признаки: верхняя сторона тела сероватая, нижняя – рыжеватая **со слабым розоватым оттенком на груди**. Молодые схожи со взрослыми в осен-

sanda bokurdagynda, petekesinde we bedeniniň gapdallarynda güýçli ösendigi, olary ýaşy ýeten guşlara çalymdaş edýär. **Aýaklary gara ýa-da gara-goňur**, çüňki gara. Ýerde we howada saýraýar. Sesi pessaýja –"sit-sit-sit", saýraýşy biraz güýçli. Ganaty – 85-88 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: garamtyl aýaklary, petekesinde we döşünde menekleriň ýokdugy (diňe mäkiýanlarynda bolýar, ol hem örän solak) bilen beýleki atjagazlardan tapawutlanýar. Tokaý atjagazynyň häsiýetli uçuşy-wakwaky ses owazlarynyň utgaşmagy çemen atjagazynyňka örän meňzeş.

Ýaýran ýerleri: Ýewraziýanyň we Demirgazyk Amerikanyň daglyk ýerleri. Türkmenistanda Uly Balkanda, Köpetdagda, Köýtendagda. Günorta Ýewropada, Demirgazyk Afrikada, Ýakyn Gündogarda, Kiçi, Alynky, Gündogar we Günorta-Gündogar Aziýada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: höwürtgeleýän, bölekleýin gyşlaýan guş. Uçup geçende we gyşlanda giňişleýin duşýar, ýöne derýalaryň jülgelerinde we dag eteklerinde köpdügi mese-mälim görünýär. Ýazyna martyň başyndan apreliň ortasyna çenli, güýzine – okrtýabr-noýabrda uçup geçýär. Jübüt, uçup geçende süri bolup gezýär. Höwürtgesini ýerde, gür ösen otlaryň arasynda gurýar. Mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: uçup geçende we gyşlanda az sanly, käbir ýerlerde adaty, höwürtgeleýän döwrinde örän seýrek görnüş.

не-зимнем оперении, с сильно выраженной пятнистостью, в том числе на горле, зобе, и боках тела. **Ноги черные или черно-бурые**, клюв черный. Поет на земле и в воздухе. Голос – тихое «цит-цит-цит», песня состоит из несколько звонких звуков. Крыло – 85-88 мм.

Сходства – отличия: от других коньков отличается темными ногами и отсутствием пестрин на зобе и груди (они есть лишь у самок и то очень слабые). Также как и для лесного конька характерен токовый полет в сопровождении песенных трелей, очень похожих на его песню.

Распространение: горные области Евразии и Северной Америки. В Туркменистане Большие Балханы, Копетдаг, Койтендаг. Зимуют в Южной Европе, Северной Африке, на Ближнем Востоке, в Малой, Передней, Восточной и Юго-Восточной Азии.

Образ жизни: гнездящаяся, частично зимующая птица. На пролете и зимой встречается широко, но заметно больше в речных долинах и предгорьях. Весенний пролет – с начала марта и до середины апреля, осенний – в октябре-ноябре. Держатся парами, на пролетах – стайками. Гнезда устраивают на земле, среди пучков травы. Питаются насекомыми.

Статус: на пролете и зимовке немногочислен, местами обычен, на гнездовье очень редок.



## 255. Goyunguş – *Motacilla flava* – Желтая трясогузка

Meýdan alamatlary: serçe möçberli uzyn guýrukly gelşikli guş. **Esasy alamaty: horazynyň bedeniniň aşagy sary, arkasy ýaşylymtyl-goňur, mäkiýanynyň aşagy–agymtyl, üstki tarapy–goňur-ýaşylymtyl-çypar reňkli.** Dürli aşaky görnüşlerinde kellesiniň reňki we nagyşlary üýtgeýär. Tolkunşekilli uçýar; ýerde oturan mahaly guýrugyny yzygiderly ýaýkaýar. Uzynlygy – 186, ganaty – 80.4, ganatlarynyň gerimi – 261, çüňki – 12 mm, agramy – 17 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: guýrugynyň has gysgadygy, göwresiniň kiçidigi we arkasynyň ýaşylymtyldygy bilen dag goýungyşyndan; kellesiniň reňkiniň çalymtyl ýa-da çalymtyl-ýaşylymtyldygy bilen sarybaş goýunguşdan we ýelek örtüginiň sarymtyl - ýaşyl öwüşginliligi bilen geçi-guşdan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi – Ýewropanyň, çetki demirgazyk çäklerinden başgalarynda we Aziýanyň demirgazyk ýarym bölegi, Amerikada–Alýaskanyň günbatary. Orta Aziýada we Türkmenistanda derýalaryň jülgelerinde, çöllüklerde, ýöne oazislere ýakyn saklanýar. Afrikanyň, Sahara çölünden başga yerlerinde, Günorta we Günorta-Gündogar Aziýada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: Orta Aziýanyň hemme ýerlerinde bolşy ýaly, Türkmenistandanda hem uçup geçýän guş. Ýazyna aprelde, güýzine sentýabrda uçup geçýär. Çygly ýerlerde, käte düzlükdäki seýrek gyrymsylykda we daglyk ýerlerde saklanýar, çöllüklerde hem duşmagy mümkin. Süri ýa-da kiçiräk topar bolup, esasan, ýerde, käte

Полевые признаки: стройная небольшая птица, не крупнее воробья с длинным хвостом. **Главный признак – у самца низ тела желтый, спина зеленовато-бурая, а у самки низ беловатый, верх – буро-зелено-рыжеватый**. Окраска и рисунок головы у разных подвидов варьируют. Полет волнообразный; сидя на земле, постоянно покачивает хвостом. Длина – 186, крыло – 80.4, размах крыльев – 261, клюв – 12 мм, вес – 17 г.

Сходства – отличия: от горной трясогузки отличается более коротким хвостом, меньшей величиной и зеленоватой спиной, от желтоголовой трясогузки – серым или серо-зеленым цветом головы, от белой – желто-зелеными тонами оперения.

Распространение: гнездовая часть ареала – Европа, кроме крайних северных областей, и северная половина Азии, в Америке – на западе Аляски. В Средней Азии и Туркменистане – широко по долинам крупных и мелких рек, в пустыне, но тяготеет к оазисам. Зимует в Африке, исключая Сахару, в Южной и Юго-Восточной Азии.

Образ жизни: в Туркменистане, как по всей Средней Азии, пролетная, в подходящих местах гнездящаяся птица. Весенняя миграция – в апреле, осенняя – сентябре. На пролете держится в стаях. Обитает во влажных местностях, иногда поросших редким кустарником. Гнезда – в мае-июне, обычно на земле под кустиками трав, в гнезде 5-6 яиц зе-

sarybaş goýunguşlar bilen bilelikde gezýär. Mör-möjekler (ýaprakçy tomzaklar, maýda kebelekler, garynjalar, ýasmyklar) bilen iýmitlenýär.

Statusy: uçup geçende adaty, käbir ýerlerde az sanly guş.

леновато-белого цвета с темными крапинками. Питается насекомыми (листоедами, мелкими бабочками, муравьями, клопами).

Статус: на пролете обычная, местами немногочисленная птица.

### 256. Sarybaş goýunguş – *Motacilla citreola* – Желтоголовая трясогузка

Meýdan alamatlary: beýleki goýunguşlar ýaly ululykda. **Ýaşy ýeten horazlarynyň kellesi we bedeniniň aşaky bölegi tomsuna sary, mäkiýan guşlaryňky–çalymtyl-ýaşylymtyl.** Horazlarynyň **arkasy** gyşky ýelek örtüginde **has çal öwüşginli.** Mäkiýan guşlaryň arkasy goňur ýokundyly, bedeniniň aşak tarapynyň sary reňki ýagtyrak. Mäkiýanynyň kellesi çalymtyl-ýaşylymtyl, ýöne sary reňki maňlaýynda, gaşynda we bokurdagynda saklanýar. Uzynlygy – 175, ganaty – 78-82, ganatlarynyň gerimi – 245-265 mm, agramy -16-19 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: kellesiniň, aýratyn-da, horazlarynyň sary reňki boýunça beýlekilerden aňsat tapawutlanýar, guýrugynyň gapdallaryndaky ak zolak edil goýunguşyňky ýaly. Meýdan şertinde ýaş guşlary goýunguşlaryň ýaş guşlaryndan tapawutlandyrmak kyn.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän nokatlary Ýewraziýanyň dürli böleklerini öz içine alýar. Gündogar Ýewropa, Demirgazyk Gazagystan, Günbatar Sibir, Merkezi, Orta we Alynky Aziýanyň daglyk ýerleri. Türkmenistanda düzlük we daglyk ýerlerde giňişleýin duşýar, köplenç oazislere we derýalaryň jülgelerine ýakyn saklanýar. Günorta Aziýada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: ýazyna–martda, güýzne–awgust-sentýabrda uçup geçýär. Uçup geçýän döwründe goýunguşlaryň toparyna goşulyp bile gezýär.

Statusy: goýunguş bilen deňeşdireniňde az sany guş.

Полевые признаки: телосложение как у других трясогузок. **У взрослого самца летом голова и нижняя часть тела желтые. У самки голова серо-зеленая**. В зимнем наряде у самца **спина более серого тона**. У самки на спине буроватый налет, желтая окраска нижней стороны тела светлее. Голова у самки серовато-зеленая, но лоб, брови и горло остаются желтыми. Длина – 175, крыло – 78-82, размах крыльев – 245-265 мм, вес – 16-19 г.

Сходства – отличия: от других трясогузок легко отличается по желтому цвету головы, особенно у самцов, по бокам хвоста белые полосы, как у желтой трясогузки. Молодые особи от молодых желтых трясогузок в полевых условиях почти неотличимы.

Распространение: гнездовая область ареала охватывает различные части Евразии – Восточная Европа, Северный Казахстан, Западная Сибирь, горные области Центральной, Средней и Передней Азии. В Туркменистане встречается широко на равнинах и в горах, но тяготеет больше к оазисам и долинам рек. Зимует в Южной Азии.

Образ жизни: весенний пролет – в марте, осенний – в августе-сентябре. На пролете нередко держатся в совместных стаях с желтыми трясогузками.

Статус: по сравнению с желтой трясогузкой, немногочисленная птица.



### 257. Dag goyunguşy – *Motacilla cinerea* – Горная трясогузка

Meýdan alamatlary: **ýaşy ýeten horazlarynyň kellesiniň üstki tarapy, arkasy we eginleri ýazyna külreňk-çal**, ganatlary – garamtyl-goňur, ýelekleri inli ak jäheklenen. Gözüniň üsti ak zolakly. Bedeniniň aşak tarapy açyk-sary. **Guýrugastynyň ýaşylymtyl-sary reňki boýunça gowy tanalýar, horazlarynyň bokurdagy we petekesi gara.**Goýunguşlaryň beýlekileri ýaly, elmydama ýerde gezende guýrugyny ýaýkaýar. Sesi – “sitt-sitt”, käte “se-se”. Ganaty – 186-190, ganatlarynyň gerimi – 250-257, guýrugy – 90.6-91.1 mm, agramy - 19 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary:goýunguşy ýatladýar, ýöne bedeni gelşikli, guýrugy birneme uzynrak, horazlarynyň goýunguşdan we sarybaş goýunguşdan tapawutlylykda bokurdagy gara tegmilli.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän ýerleri Ýewraziýanyň dürli böleklerinde – Günbatar Ýewropa, Sibir, Kawkaz, Kiçi, Alynky Aziýa, Orta we Gündogar Aziýanyň günorta bölegi. Türkmenistanda daglyk eýerlerde duşýar. Afrikanyň günorta böleginde, Kiçi, Alynky, Günorta we Günorta-Gündogar Aziýada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: höwürtgeleýän guş. Ýazyna–aprelde we maý aýynyň birinji ýarymynda, güýzine–oktýabrda uçup geçýär. Daglardaky derýajyklaryň, suwly ýaplaryň kenarýakalarynda we beýleki çygly ýerlerde saklanýar. Jübüt bolup gezýär, kenarýakalaryndaky ýa-da

Полевые признаки: **у взрослых самцов весной верхняя сторона головы, спина и плечи пепельно-серые**, крылья – темно-бурые с широкими белыми окаймлениями перьев. Над глазом – белая полоса. Нижняя сторона тела светло-желтая. Хорошо **узнается по зеленовато-желтому цвету подхвостья, у самцов черные горло и зоб**. Как и все трясогузки, сидя на земле, постоянно покачивает хвостом. Голос – «цитт-цитт», иногда «це-це». Крыло – 186-190, размах крыльев – 250-257, хвост – 90.6-91.1 мм, вес – 19 г.

Сходства-отличия: напоминает желтую трясогузку, но стройнее и хвост несколько длиннее, самцы, в отличие от самцов желтых и желтоголовых трясогузок, с черным пятном на горле.

Распространение: гнездовая область в различных частях Евразии – Западная Европа, Сибирь, Кавказ, Малая, Передняя, южные части Средней и Восточная Азия. В Туркменистане населяет горные районы. Зимует в южной половине Африки, в Малой, Передней, Южной и Юго-Восточной Азии.

Образ жизни: гнездящаяся птица, весенний пролет – в апреле и первой половине мая, осенний – в октябре. Придерживается берегов горных речек, арыков и других увлажненных мест. Дер-жится парами, гнездо устраивает на земле, в углублении на берегу или среди камней. В кладке обычно 5 яиц

daşlaryň arasyndaky ýalpak oýjagazda höwürtge gurýar. 5 sany köpsanly sozuk menekler bilen örtülen, agymtyl-sarymtyl-çal reňkli ýumurtgalary goýýar, ölçegleri - 18.5-14.2 mm. Goýunguşlaryň beýlekileri ýaly, esasan, MÖR-MÖJEKLER bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sanly, bölekleýin ýaýran görnüş.

бледно-желтовато-серого цвета с многочисленными расплывчатыми крапинками, размер 18.5 х 14.2 мм. Как и другие трясогузки питается, в основном, насекомыми.

Статус: немногочисленный вид с неравномерным распространением.

### 258. Geçiguş – *Motacilla alba* – Белая трясогузка

Meýdan alamatlary: serçe ölçegli, süýnmek, gelşikli bedenli guş. **Guýrugy uzyn, gapdal ýelekleri uçanda aýdyň görünýän ak zolakly. Ýelek örtüginiň umumy öwüşgini çal, ýone gara we ak meýdançalar anyk tapawutlanýar.** Ýaşy ýeten horazlaryň we mäkiýanlaryň bokurdagy, "telpejigi" we döşüniň ýokarsy gara, olaryň üstki tarapy–külreňk-çal, aşagy – ak. Mäkiýan guşlaryň alkymynyň aşagy we bokurdagy ak, emma arasynda mäkiýanlarynyň horazlaryndan tapawutlanmaýanlary hem duşýar. Ýelek örtüginiň umumy reňki güýzine üýtgemeýär, ýöne horazlarynyň petekesinde ýarymaý şeklli kiçiräk tegmili saklanýar, mäkiýan guşlaryň maňlaýy çalymtyl reňki alýar. Ýaş guşlaryň üstki tarapy goňurrak-çal we aşagy–kirliräk-ak. Çüňki we aýaklary çal reňkli. Tolkun-şekilli uçýar, edil goýunguşlar ýaly mydama guýrugyny ýaýkýar. Sesi batly–"sizi-sýuri-sýurýa-klýuý-klýuý-klýuýwiu". Uzynlygy – 196-198, ganaty –88, ganatlarynyň gerimi – 281.8-276.6 mm, agramy - 21.9 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: aşaky tarapynyň akdygy bilen goýunguşlardan; boýnunyň we kellesiniň gapdallaryndaky ak zolagy boýunça dulanan goýunguşdan we ýaş goýunguşdan ýa-da sarybaş goýunguşdan, geçiguşdan agymtyl gaşynyň ýokdygy bilen tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: giň. Höwürtgeleýän ýerleri – Ýewropanyň, Aziýanyň, günorta-gündogar çetlerinden başgalarynda, Afrikanyň demirgazynda belli-belli ýerlerde, Grenlandiýa we Alýaska. Orta Aziýanyň we Türkmenistanyň hemme ýerlerinden uçup geçýär, gyşyna oazislere we dag eteklerine çekilýär. Günorta Ýewropada, Afrikada, Sahara çölünden we tropik giňişlinden başgalaryn-da, Arabystanda, Kiçi, Alynky we Günorta Aziýada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän, bölekleýin gyşlaýan guş. Ýazyna martyň ortasyndan we aprelde, güýzine sentýabr-oktýabrda uçup geçýär.

Statusy: uçup geçende adaty, gyş döwrinde az sanly guş.

Полевые признаки: небольшая птица с удлиненным стройным телом, размером с воробья. **Хвост длинный с белыми полосками по бокам, что хорошо заметно в полете. Основной тон оперения серый, но с контрастными черными и белыми участками**. Взрослые самцы и самки с черным горлом, "шапочкой" и черной верхней частью груди; верх у них – пепельно-серый, низ – белый. У самок подбородок и горло белые, но встречаются самки почти не отличимые от самцов. В осеннее время общий окрас оперения остается, но у самцов на зобе сохраняется лишь небольшое пятно в виде полумесяца, а у самки лоб становится серым. Молодые, в основном, буровато-серые сверху и грязно-белые снизу. Клюв и ноги серого цвета. Полет волнообразный, как и другие трясогузки постоянно покачивает хвостом. Голос – звонкое «цизи-цюри-цюря-клюй-клюй-клюйвиу». Длина – 196-198, крыло – 88, размах крыльев – 281.8-276.6 мм, вес – 21.9 г.

Сходства – отличия: от других трясогузок отличается белым низом, а от маскированной трясогузки наличием белой полосы по бокам шеи и головы; в отличие от молодых желтых или желтоголовых трясогузок у молодых белых трясогузок отсутствует светлая бровь.

Распространение: широкое. Область гнездования – Европа, Азия, кроме крайнего юго-востока, локально на севере Африки, в Гренландии и на Аляске. В Средней Азии и Туркменистане – на пролетах повсеместно, зимой тяготеет к оазисам и предгорьям. Зимует в Южной Европе, в Африке, исключая Сахару и тропики, Аравии, Малой, Передней и Южной Азии.

Образ жизни: пролетная, частично зимующая птица. Весенний пролет – с середины марта и в апреле, осенний – в сентябре-октябре.

Статус: обычная на пролетах птица, в зимнее время немногочисленна.

### 259. Dulanan goyunguş – *Motacilla personata* – Маскированная трясогузка

Meýdan alamatlary: **ýaşy ýeten guşlaryň boýny, kellesiniň üsti we gapdallary, bokurdagy we döşi gara, arkasy çal ýa-da garamtyl, maňlaýy, gözüniň üstündäki, guýrugynyň gapdallaryndaky we ganatlaryndaky zolaklar we bedeniniň aşaky tarapy ak.** Mäkiýan guşlaryň kellesinde gara reňk bolýar. Ýaş guşlaryň döşündäki "gülýaka" garamtyl-çal. Sesi geçiguşuň sesi bilen birmeňzeş. Uzynlygy – 196-198, ganaty – 78-99, ganatlarynyň gerimi – 265-276 mm, agramy 20.5 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: kellesiniň garamtyldygy bilen beýleki goýunguşlardan, boýnunyň hem döşüniň ýokarsynyň garadygy,

Полевые признаки: **у взрослой птицы шея, верх и бока головы, горло и грудь черные, спина серая или темная, а лоб, полоса через глаз, полоски по бокам хвоста и на крыльях и низ тела – белые**. Развитие черного цвета на голове у разных самок различается. Молодые с черновато-серым «ожерельем» на груди. Голос схож с голосом белой трясогузки. Длина – 196-198, крыло – 78-99, размах крыльев – 265-276 мм, вес – 20.5 г.

Сходства – отличия: от других трясогузок отличается темной головой, от белой трясогузки – черной шеей и верхом груди и белой «маской», охватывающей лоб и гла-

maňlaýyny we gözüni gabaýan ak «örtük» bilen geçiguşdan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Günbatar Sibiriň günorta bölegi, Gazagystan, Orta we Alynky Aziýa. Türkmenistanda, esasan, derýa jülgeleriniň düzlüklerinde we daglarda, oazislerde duşýar. Günorta Aziýada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: oturymly guş. Derýalaryň joşup suw basan ýerlerini, dürli suw ýataklarynyň kenarýakalaryny (hat-da ýaplaryň, çüwdürimeleriň hem) we ekerançylyk meýdanlaryny eýeleýär. Ýekelikde ýa-da jübüt bolup gezýär. Ýylda iki gezek köpelýär. Daşlaryň arasynda, guýularyň we daşdan örülen haýatlaryň diwaryndaky erňeklerde, gaýalaryň ýarçyklarynda, ýerden beýik bolmadyk uçutlarda höwürtge gurýar. Aprel-iýunda 5-6 sany çal meneklije ak ýumurtgalary goýýar, ölçegleri - 20.5-15.1 mm. Iýun-awgustda – jüýjeleýär. Mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sanly, käbir ýerlerde adaty, göze ilip duran tanyş guş.

за.

Распространение: южные части Западной Сибири, Казахстан, Средняя и Передняя Азия. В Туркменистане, в основном, по долинам рек на равнинах и в горах, в оазисах. Зимует в Южной Азии.

Образ жизни: оседлая птица. Населяет поймы рек, берега различных водоемов (даже арыков, фонтанов) и сельскохозяйственный ландшафт. Держится в одиночку и парами. Две кладки в году. Гнезда среди камней, в стенах колодцев и каменных заборов, в нишах и трещинах скал и обрывов, невысоко над землей. Кладка из 5-6 белых с серыми пятнами яиц, в апреле-июле, размеры 20.5 х 15.1 мм. Птенцы – в июне-августе. Питается насекомыми.

Статус: немногочисленная, местами обычная, заметная птица.

## Toganlar – *Laniidae* – Сорокопутовые

Çüňki «ýyrtyjy» guşlaryňka çalymdaş, gapdallaryndan gysylan, ujy ýiti gaňyrçakly, laçynlara käbir çalymdaşlygy bolan, serçeden jokjoky aralykdaky, orta ölçegli guşlar maşgalasy. Dykyz beden gurluşly. Perde gapajyklary burun deşiklerini ýapmaýar. Ganatlary, adatça, gysga we tegelenen. Guýrugy dürli uzynlykda, käte örän uzyn, käte–basgançak görnüşinde. Aýaklary orta uzynlykda, berdaşly, dyrnaklary gysga, gaňyrçagrak ýiti uçly we güýçli. Ýelek örtügi ýumşak we gowşak. Ýaş guşlara kese nagyşy ala reňk häsiýetli. Türkmenistanda ýaşaýan görnüşleriniň hemmesiniň

Семейство птиц средних размеров, от воробья до некрупного дрозда, с характерным «хищным» клювом – сжатым с боков, с острым крючком на конце, что придает некоторое сходство с соколиными. Телосложение плотное. Ноздри не прикрыты перепончатыми крышечками. Крыло, обычно, короткое и закругленное. Хвост различной длины, иногда очень длинный, иногда ступенчатой формы. Ноги умеренной длины, довольно толстые, когти короткие, крючковатые, острые и сильные. Оперение мягкое и довольно рыхлое. Для молодых птиц характерна пестрая окра-



gözüniň üstünden geçýän gara zolagy bolýar (ol ýaş guşlarda bolmaýar). Guşlara agajyň depesinden ýa-da gyrymsydan duýdansyz düşende, dik başaşak, ýereň üstüne golaý uçup, soňra ýene-de ýokary göterilmek häsiýetlidir. Guýrugyny, adatça, oturanda aşak we ýokaryk ýaýkaýar. Daglarda, düzlükde we oazislerde ýaşaýar. Mör-möjekler we beýleki oňurgasyzlar, maýda oňurgaly haýwanlar bilen iýmitlenýärler. Agaçlaryň tikenlerine awlan awlaryny sançmaga ukyplydyrlar. Höwürtgesini agaçlarda ýa-da gyrymsylarda açyk, okaraşekilli edip gurýar. Sesi pert we gödegräk. Saýraýşy–beýleki guşlaryň seslerine öýkünme. Maşgala 67 görnüşden durýar, olaryň 8-si Türkmenistanda.

ска с поперечным рисунком. Все виды, обитающие в Туркменистане, имеют темную полосу, проходящую через глаз (ее нет у молодых). Характерна манера при спуске с вершины дерева или куста слетать круто вниз, лететь над самой землей, а затем опять взмывать вверх. Имеют обыкновение покачивать хвостом вверх и вниз. Распространены в горах, на равнинах, в оазисах. Питаются животной пищей – насекомыми и другими беспозвоночными, мелкими позвоночными животными. Добычу способны накалывать на шипы деревьев. Гнезда открытые, чашевидные, на деревьях или кустах. Голос резкий и грубоватый. В пении – подражание голосам других птиц. В семействе насчитывается 67 видов, из которых 8 – в Туркменистане.

### 260. Çyparguýruk togan – *Lanius isabellinus* – Кашгарский жулан

Meýdan alamatlary: sardan kiçiräk ölçegli. **Kellesi açyk-goňur, bokurdagy ak, gözüniň yzyna gara-goňur zolak uzaýar.** Bedeniniň üstki tarapy çäge reňkde ýa-da goňur, aşaky tarapy çyparrak-gülgüne, döşünde we böwürlerinde ol doýgun öwüsginde bolup, **bili we guýrugy ýagty-çypar reňkli.** Ganatlary açyk-goňur, **kiçiräk ak tegmilli**, olaryň ýelekleri çypar jähekli. Çüňki çalymtyl-goňurrak, aýaklary goňur reňkli. Mäkiýan guşlaryň reňki solgun, bokurdagynyň we döşüniň gapdallarynda kese çyzyklaryň yzlary bolýar. Ýaş guşlaryň bedeniniň üsti has poslyrak-goňur, şeýle-de agymtyl döşünde we böwürlerinde kese nagyşlary bolýar. Sesi gaty, beýleki guşlaryň sesinden alnan, gatla açy-

Полевые признаки: размером мельче скворца. **Голова светло-коричневая, горло белое, за глазом тянется черно-бурая полоса**. Верхняя сторона тела песочная или бурая, нижняя сторона рыжевато-розоватая, более насыщенного тона на груди и боках, **поясница и хвост ярко-рыжие**. Крылья светло-бурые **с небольшим белым пятном**, их перья с рыжеватыми каемками. Клюв серо-буроватого цвета, ноги бурые. У самки цвета бледнее, на боках горла и груди следы поперечных линий. У молодых верх тела более ржаво-буроватый, а также поперечный рисунок на светлой груди и боках. Голос – довольно громкое щебетание, включающее строфы, заимствованные у других

landaky ýaly jygyldama. Ganaty – 88-99, guýrugy – 79.5-89.2, söbügi – 23.7-26.4, çüňki – 10.4-13.5 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: çypar guýrugy bilen bizde bar bolan beýleki toganlardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Ýakyn Gündogar we Orta Aziýa. Türkmenistanda, esasan, daglyklarda we dagetekleri, şeýle-de Tejen, Murgap, Garagum derýalarynyň, Amyderýanyň jülgeleri. Hindistanyň demirgazyk-günbatarynda, Arabystanda we Afrikada gyşlaýar.

Ýaşaýşý: uçup geçýän guş, köplenç ýurduň gündogar çetlerinde gabat gelýär. Ýazky migrasiýasy aprelde, güýzkisi sentýabr-oktýabrda. Dürli landşaftlarda ýaşaýar, ýöne ol oazise ymtylýar. Beýleki toganlar ýaly ol hem mör-möjekler, seýrek maýda oňurgaly haýwanlar bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sanly, bölekleýin ýaýran guş.

птиц. Крыло – 88-99, хвост – 79.5-89.2, цевка – 23.7-26.4, клюв – 10.4-13.5 мм.

Сходства – отличия: от других наших сорокопутов отличается рыжим хвостом.

Распространение: Ближний Восток и Средняя Азия. В Туркменистане, в основном, горные районы и предгорные равнины, а также долины Теджена, Мургаба, Каракумдарьи, Амударьи. Зимует на северо-западе Индостана, в Аравии и Африке.

Образ жизни: пролетная, гнездящаяся птица, причем чаще встречается в долинах и предгорьях. Весенняя миграция – в апреле, осенняя – в сентябре-октябре. Обитает в различных ландшафтах, но тяготеет к оазисам. Как и другие сорокопуты питается насекомыми, реже мелкими позвоночными животными.

Статус: немногочисленная птица с неравномерным распространением, в пустыне реже чем в горах.

### 261. Gyzyl togan – *Lanius collurio* – Обыкновенный жулан

Meýdan alamatlary: sardan sähelçe kiçi. Horazynyň kellesiniň üstki tarapy we boýny açyk-çal reňkli. Maňlaýyndaky insiz germew we kellesiniň gapdallaryndaky unli zolak gara. **Arkasynyň ortasy we eginleri çyparrak-goňur.** Bedeniniň aşaky tarapy ak, döşi we böwürleri çalymtyl-gülgüne ýiti öwüşginli. **Gara guýrugynyň ujy tegelenen, üsti külreňk-çal.** Çüňki we aýaklary gara. Mäkiýan guşuň arkasy çyparrak-goňur, kellesi, boýny, guýrugynyň üsti çalymtyl-goňur. Aşak tarapy çyparrak-ak, goňur teňňesypat nagyşly. Guýrugy goňur. Ýaşlary mäkiýan guşlara çalymdaş, ýöne teňňesypat nagyşlar arka tarapynda. Bat alyp tolkynşekilli, göni uçýar. Sesi pert – "çek-çek" we güýcli "çža-çža". Saýraýşy – beýleki guşlaryň seslerine öýkünme. Ganaty – 84-99, guýrugy – 67-82, söbügi – 22.8-25.5, çüňki– 11.2-14.3 mm, agramy – 22.5-38 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: horazlary, beýleki toganlardan, kellesiniň üstündäki, boýnundaky, bilindäki külreňk-çal ýokundylaryň utgaşmasy, arkasynyň anyk çyparrak-goňurdygy, ganatlarynyň garadygy we guýrugynyň gara-akdygy bilen tapawutlanýar. Mäkiýan we ýaş guşlaryň esasy tapawutlandyryjy alamaty guýrugynda azajyk hem bolsa ak reňkiň bolmandygy.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi Ýewraziýada Angliýadan gündogara Ýeneseý derýasyna çenli, Orta Aziýada. Türkmenistanda dürli landşaftlarda duş gelmegi mümkin. Merkezi we Günorta Afrikada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän guş. Ýazky migrasiýasy–maýda, güýzkisi– awgyst-sentýabrda. Hemme ýerlerde duşýar , dag eteklerine we derýalaryň jülgelerine, açyk giňişliklere ymtylýar. Dürli mör-möjekler, şeýle-de maýda oňurgaly haýwanlar bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sanly, bizde gowşak öwrenilen görnüş.

Полевые признаки: несколько мельче скворца. У самца верхняя сторона головы и шеи светло-серого цвета. Узкая перемычка на лбу и широкие полосы по бокам головы черные. **Середина спины и плечи рыжевато-бурые**. Нижняя сторона тела белая, с сильным серовато-розовым налетом на груди и боках. **Конец черного хвоста закругленный, надхвостье пепельно-серое**. Клюв и ноги черные. У самки спина рыжевато-бурая, голова, шея, надхвостье – серовато-бурые. Нижняя сторона рыжевато-белая с бурым чешуйчатым рисунком. Хвост бурый. Молодые похожи на самку, но на спинной стороне с чешуйчатым рисунком. Полет волнистый, реже – прямой. Голос – резкое «чек-чек» и громкое «чжа-чжа». Песня – подражание голосам других птиц. Крыло – 84-99, хвост – 67-82, цевка – 22.8-25.5, клюв – 11.2-14.3 мм, вес – 22.5-38 г.

Сходства – отличия: самцы, по сравнению с другими сорокопутами отличаются сочетанием пепельно-серого верха головы, шеи, поясницы и отчетливой рыже-коричневой спиной, черными крыльями и черно-белым хвостом. Главное отличие самок и молодых – наличие на хвосте хоть немного белого цвета

Распространение: гнездовая часть ареала в Евразии – от Англии на восток до Енисея, Средняя Азия. В Туркменистане может быть встречен в различных частях страны. Зимует в Центральной и Южной Африке.

Образ жизни: в Туркменистане пролетная птица. Весенняя миграция – в мае, осенняя – в августе-сентябре. Встречается повсеместно – в предгорьях и долинах рек, тяготеет к открытым местообитаниям. Питается, главным образом, различными насекомыми, так же мелкими позвоночными животными.

Статус: немногочисленный, слабо изученный у нас вид.

### 262. Ýaşyryn togan – *Lanius nubicus* – Маскированный сорокопут

Meýdan alamatlary: ýeňil beden gurluşly, kiçiräk togan. **Gara we ak reňkleriň utgaşmasy häsiýetli.**

Полевые признаки: некрупный, легкого сложения сорокопут. **Характерно сочетание черного**

Maňlaýy, gözüniň üstündäki inli zolak, bokurdagy, egnileri, ganatyndaky ak tegmil–arassa-ak. **Bedeniniň üstki tarapynyň ýeleklerinde we gözüniň aşagyndaky zolakda gök öwüşginli gara reňk agdyklyk edýär.** Aşaky tarapy ak, döşi çypargülgüne öwüşginli. Bedeniniň gapdallary goňurrak-posrenkli . Mäkiýan gu-şuň kellesi goňurrak-gara, ganatlary we guýrugy goňur. Ýaş guşlaryň üsti goňurrak-çal, tegelenen agymtyl tegmilli. Bedeniň aşaky tarapy goňur teňňesypat nagyşly. Gözüniň yzyndaky zolak goňur. Horazynyň çüňki we aýaklary garamtyl, mäkiýan guşuňky – goňurrak. Ganaty – 86-95, guýrugy – 82-91.2, söbügi – 20-23, çüňki – 11.5-13.5 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary:gara we ak reňkleriň utgaşma aýratynlygy bilen beýleki toganlardan tapawutlanýar. Goňrasrak-çypar reňki kellesinde bolmaýar.

Ýaýran ýerleri: Gündogar Ortaýer deňzi, Balkan ý/a gündogar bölegi, Kiçi Aziýa, Eýranyň günorta-günbatar bölegi we Ýakyn Gündogar. Türkmenistanda Amyderýa, Murgap jülgelerinde we Bathyzda duş gelmegi mümkin. Yrakda, Arabystanyň günortasynda we Demirgazyk-Gündogar Afrikada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: käte höwürtgelemegi hem müm-kin. Ýazyna aprel-maý aýlarynda duş-ýar. Dürli agaç ösümkili ýerlerde, gyrymsyly jeňňeliklerde, derýalaryň jülgelerindäki miweli-saýaly baglarda, pisseliklerde ýaşaýar. Mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: örän seýrek, öwrenilmedik diýen ýaly, çäkli ýaýran görnüş.

**и белого цвета**. Лоб, широкая полоса над глазом, горло, плечи, белое пятно на крыле – чисто-белые. **Преобладающая окраска верхней стороны тела и полоса под глазом черные, с синим отливом**. Нижняя сторона белая, грудь с рыжевато-розовым налетом. Бока тела коричневато-ржавые. У самки голова буровато-черная, крылья и хвост бурые. Молодые сверху буровато-серые, с округлыми беловатыми пятнами. Нижняя сторона тела с бурым чешуйчатым рисунком. Полоса за глазом бурая. Клюв и ноги черноватые у самца, буроватые у самок. Крыло – 86-95, хвост – 82-91.2, цевка – 20-23, клюв – 11.5-13.5 мм.

Сходства – отличия: от других сорокопутов отличается характерным сочетанием черного и белого цвета. На голове нет каштаново-рыжей окраски.

Распространение: Восточное Средиземноморье, восточная часть Балканского полуострова, Малая Азия, юго-западная часть Ирана и Ближний Восток. В Туркменистане возможны встречи в долинах Амударьи, Мургаба, в Бадхызе и других местах. Зимует в Ираке, на юге Аравии и в Северо-Восточной Африке.

Образ жизни: возможно спорадическое гнездование. Весной можно встретить в апреле-мае. Обитает в разнообразных насаждениях, кустарниковых зарослях и садах по долинам рек, в фисташниках. Питается насекомыми.

Статус: очень редкий, почти не изученный вид с ограниченным распространением.



### 263. Uzynguýruk togan – *Lanius schach* – Длиннохвостый сорокопут

Meýdan alamatlary: **basgançakly guýrugy uzyn** we arkasynyň yzky bölegi çypar reňkli **uly togan.** Kellesiniň üsti we boýny çal reňkli. Kellesiniň gapdallary inli zolakly, ganatlary we guýrugy goýy-goňur. Bedeniniň aşak tarapy ak, gapdallary we guýrugynyň aşagy çypar öwüşginli. Çüňki we aýaklary gara. Sesi pert we özboluşly gykylyk, saýraýşy güýçli, köplenç beýleki guşlara sesli öýkünmeler. Uzynlygy – 230, ganaty – 90-99, guýrugy – 117.7-109.8, söbügi – 25-30, çüňki – 18-22 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: uly ölçeglidigi, özgelere garanyňda guýrugynyň uzyn we basgançaklydygy bilen beýleki toganlardan tapawutlanýar. Guýrugynyň çetki ýelekleri açyk-goňur, ortakylary goňur. Bedeniniň arka tarapynyň çypar reňki bilen ala togan we garamaňlaý toganlardan we ganatlarynda ak tegmiliň ýokdygy hem guýrugynyň uzyndygy bilen hindi gyzyl toganyndan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Orta, Merkezi, Günorta we Günorta-Gündogar Aziýa. Türkmenistanda Köýtendag, Köpetdag we onuň etekleri, Amyderýa jülgeleriniň, Murgap, Tejen, Etrek derýalarynyň şäher Türkmenbaşy çenli. Günorta Aziýada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup gelýän we höwürtgeleýän guş. Ýazky migrasiýasy aprelde, güýzkisi awgust - sentýabrda. Mekany jülgelerdäki we oazislerdäki gyrymsy agaçlaryň ösýän ýerleri. Agaçlaryň üstinde höwürtgeleýär. 4-6, seýrek 7 sany kütek ujynda goýalýan, ýaşylymtyl-goňurrak, goňur ýa-da garamtylrak we çal

Полевые признаки: **крупный сорокопут, с длинным ступенчатым хвостом** и рыжей задней частью спины. Голова сверху и шея серого цвета. Широкие полосы по бокам головы, крылья и хвост – темно-бурые. Низ тела белый, с рыжим оттенком на боках и подхвостье. Клюв и ноги черные. Голос – резкий и своеобразный крик, пение громкое, в значительной степени из звукоподражания другим птицам. Длина – 230, крыло – 90-99, хвост – 117.7-109.8, цевка – 25-30, клюв – 18-22 мм.

Сходства – отличия: от других сорокопутов отличается более крупными размерами и относительно длинным, ступенчатым хвостом. Крайние перья хвоста светло-бурые, средние – бурые. От серого и чернолобого сорокопутов отличается, главным образом, рыжеватой окраской на спинной стороне тела. От индийского жулана – отсутствием белых пятен на крыльях и длинным хвостом.

Распространение: в Средней, Центральной, Южной и Юго-Восточной Азии. В Туркменистане – в Койтендаге, Копетдаге и его предгорьях, в Прикаспии (местами) по долинам, Амударьи, Мургаба, Теджена, Этрека и до города Туркменбаши. Зимует в Южной Азии.

Образ жизни: прилетная и гнездящаяся птица. Весенняя миграция – в апреле, осенняя – в августе - сентябре. Местообитания – участки древесно-кустарниковых насаждений в долинах и оазисах. Гнездятся на деревьях. В кладке 4-6, изредка

bellikli ýaşylymtyl-goňur öwüşginli ýumurtgalary goýýar, ölçegleri – 23.7 x 17.8 mm. Ýitiren ýumurtgalaryna derek ikilenji gezek ýumurtga goýmaklary mümkin. Iýunda jüýjeleýär. Esasan, mör-möjekler, maýda guşlaryň ýumurtgalary we jüýjeleri, şeýle-de maýdarak suwulganlar bilen iýmitlenýär.

Statusy: az anly, bölekleýin ýaýran guş.

7 яиц. Основной фон окраски зеленовато-бурый, с зеленовато-буроватыми, бурыми или черноватыми и серыми отметинами, сгущающимися на тупом конце. Размеры 23.7 x 17.8 мм. Возможно наличие вторых кладок взамен утраченных. Птенцы – в июне. Питаются, в основном, насекомыми, реже яйцами и птенцами мелких птиц, также небольшими ящерицами.

Статус: немногочисленная, с очень неравномерным распределением птица.

### 264. Gara maňlaýly togan – *Lanius minor* – Чернолобый сорокопут

Meýdan alamatlary: ala togany ýatladýan, ýöne maýda ölçegli guş. **Maňlaýy, kellesiniň gapdallaryndaky inli zolaklar, ganatlary we guýrugy gara.** Arkasy agymtyl-gögümtil-çal reňkli. Ganatlarynda kiçiräk ak tegmiller bolýar. Bedeniniň aşak tarapy ak, döşi we böwürleri çalymtyk ýokundyly. Horazlary mäkiýanlaryna garanyňda, ähli reňki has doýgun. Ýaş guşlaryň üsti çalymtyl-melemtil reňkli, damjalaýyn inçejik çyzykly we bedeniniň böwürleri çalymtyl ýarymaýşekilli zolak yzly. Gözüniň üstünden insiz goňur zolak geçýär, ýöne maňlaýy gara zolaksyz. Aşagy ak, petekesi, döşi we böwürleri agymtyl-çypar ýokundyly. Sesi pert “çok-çok” ýa-da “çueek-çok”. Saýraýşy ikgildi owazlanma meňzeş. Tolkunşekilli uçýar, howada doňan ýaly saklanýar. Çüňki we aýaklary gara. Ganaty – 110.9-123.2, guýrugy – 82.4-97.7, söbügi – 24.7-26.5, çüňki – 12.2-15.2 mm, agramy – 60-65 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: maňlaýynyň we depesiniň öň tarapynyň garadygy, guýrugynyň gysgadygy bilen beýleki toganlardan tapawutlanýar. Guýrugyndan ganatlary uzynrak.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän ýerleri – Günorta - Gündogar Ýewropa, Orta we Kiçi Aziýa, Eýranyň we Owganystanyň demirgazyk bölegi. Türkmenistanda Köpetdag we onuň etekleri, Günbatar Bathyz, Köýtendag, Amyderýanyň jülgeleri, Murgap, Tejen, Etrek derýalarynyň we deňiz kenarynda. Afrikanyň günorta böleginde gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän we höwürtgeleýän guş. Ýazky migrasiýasy – aprel-maýda, güýzkisi awgust-sentýabrda. Derýa ýakalaryndaky seýrek ösen toraňňylyklarda, pisseliklerde, miweli we saýaly baglyk ýerlerde, seýilgählerde, dagda, derýajyklaryň jülgelerinde, 1100-1500 m çenli dag guşaklyklarynda ýaşaýar. Maý-iýun aýlarynda höwürtgeleýär. Ýitiren ýumurtgalarynyň öwezini dolmak üçin ikinji gezek ýumurtga goýmaklary mümkin. Agaçlaryň üstünde, beýik ösen gyrymsylarda höwürtge gurýar. 3-8 sany kütek ujynda gül täjini döredeýän, çalymtyl-ýaşylrak-goňur we syýa meneklije ýaşylymtyl ýa-da toýunsypat, ak reňkli ýumurtgalary goýýar, ölegleri - 25.7 x 18.4 mm. Maýyň soňunda jüýjeleýär. Aglaba, mör-möjekler, käte maýda oňurgaly haýwanlar, ir-iýmişler bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sanly, daglyk ýerlerde howürtgeleýän döwründe adaty görnüş.

Полевые признаки: напоминает серого сорокопута, но меньше по размеру. **Лоб и широкая полоса по бокам головы, крылья и хвост – черные**. Спина бледно-голубовато-серого цвета. На крыле небольшое белое пятно. Нижняя сторона тела белая, с сероватым налетом на груди и боках. У самцов, по сравнению с самками, все цвета более насыщенные. Молодые сверху серовато-кремового цвета, с тонкими струйчатыми серыми линиями и со следами сероватых дугообразных полос на боках тела. Через глаз проходит узкая бурая полоска, но черной полосы на лбу нет. Низ белый с бледно-рыжеватым оттенком на зобе, груди и боках. Голос – резкое «чок-чок» или «чуээк-чок». Пение щебечущее. Полет волнообразный, нередко «трясется», как бы замирая в воздухе. Клюв и ноги черные. Крыло – 110.9-123.2, хвост – 82.4-97.7, цевка – 24.7-26.5, клюв – 12.2-15.2 мм, вес – 60-65 г.

Сходства – отличия: по сравнению с другими сорокопутами лоб и передняя часть темени черные, хвост относительно короткий. Крыло длиннее хвоста.

Распространение: область гнездования – Юго-Восточная Европа, Средняя и Малая Азия, северные части Ирана и Афганистана. В Туркменистане – Копетдаг и его предгорья, Западный Бадхыз, Койтендаг, долины Амударьи, Мургаба, Теджена, Этрека и морское побережье. Зимует в южной половине Африки.

Образ жизни: гнездящаяся птица. Весенняя миграция – с середины апреля и в мае, осенняя – в августе-сентябре. Обитает в приречных разреженных тугаях, в фисташковых рощах, садах, парках, в горах – по долинам речек, в горы распространяется до 1100-1500 м. Гнездится – в мае-июне. Возможно наличие вторых кладок взамен утраченных. Гнезда – на деревьях, реже – на больших кустах. В кладке 3-8 яиц, зеленоватого или глинисто-белого цвета, с серо-зеленовато-бурыми и фиолетовыми пятнышками, образующими венчик на тупом конце. Размеры яиц – 25.7 x 18.4 мм. Птенцы – в конце мая. Питание – преимущественно насекомые, изредка мелкие позвоночные животные, редко ягоды и плоды.

Статус: немногочисленный вид, в гнездовой период более обычен в горных районах.

### 265. Ala togan – *Lanius excubitor* – Серый сорокопут

Meýdan alamatlary: sar ölçegli, bizdäki toganlaryň arasynda iň

Полевые признаки: самый крупный из наших сорокопутов,

ulusy. **Üstki tarapy, kellesindäki "telpejigi" hem goşanyňda, kül-reňk-çal. Çüňkünden başlap, gözüniň üstünden inli gara zolak geçýär. Guýrugy uzyn we bas-gançakly. Ganatlary we guýrugy gara reňkli.** Bedeniniň aşaky böle-gi ak. Çüňki daýaw we gaňyrçagrak uçly. Horazynyň reňki mäkiýanyna meňzeş. Sesi gödek – "çek-çek". Ga-naty – 112.7-114, guýrugy – 105-120, çüňki – 15-18, söbügi – 25-30 mm, agramy – 65-75 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: uly togan. **Arka tarapynyň reňkiniň tutuşlygyna çaldygy we garnynyň ak ýa-da agymtyldygy** bilen gyzyl we çyparguýruk toganlardan tapa-wutlanýar. Ganatlarynyň tegele-nen gysgadygy we ak gyraly gara guýrugynyň uzyndygy bilen gara maňlaý togandan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: giň. Demirgazyk Amerikanyň taýga zolagy, Demir-gazyk Afrika we tutuş Ýewraziýa, demirgazyk we günorta-gündo-gar welaýatlaryndan başgalarynda. Türkmenistanda Hazaryň kenarýaka-syndan, Günbatar Uzboýdan we Günbatar Köpetdagadan Amyderýa, Üstýurda, Bathyza we Köýtendaga çenli, hemme ýerlerde.

Ýaşaýşy: uçup geçýän, höwürtgeleýän, ýek-tük gyşlaýan guş. Ýazyna martda, güýzine - sentýabr - oktýabrda uçup geçýär. Dürli landşaftlarda, dagda, şeýle-de çölde ýaşaýar. Mart - aprel aýlarynda agaçlaryň ýa-da gyrymsylaryň üstünde höwürtge gurýar. 4-7 sany ýumurtga goýýar. Ýitiren ýumurtgalarynyň öwezini dolmak üçin ikilenji gezek 5-6 sany çalymtyl-gök we ýaşylytyl-goňur meneklije, ýaşylymtyl-ak reňkli ýumyrtgalary

размером со скворца. **Верхняя сторона, включая "шапочку" на голове, пепельно-серого цвета. От клюва через глаз – широкая черная полоса. Хвост длинный и ступенчатый. Крылья и хвост, в основном, черные**. Нижняя часть тела – белая. Клюв крепкий и крюч-коватый. Окраска самцов и самок схожа. Голос грубый – «чэк-чэк». Крыло – 112.7-114, хвост – 105-120, клюв – 15-18, цевка – 25-30 мм, вес – 65-75 г.

Сходства – отличия: наиболее крупный сорокопут. **Сплошной серый цвет на спинной стороне тела и белый или беловатый на брюшной**, что отличает от обык-новенного и кашгарского жуланов. Короткие закругленные крылья и относительно длинный хвост, чер-ный с белыми краями, в отличие от чернолобого сорокопута, у которо-го полос на хвосте нет.

Распространение: широкое – таежная полоса Северной Амери-ки, Северная Африка и вся Евразия, за исключением северных и юго-восточных областей. В Туркмени-стане – повсеместно от Каспийско-го побережья, Западного Узбоя и Западного Копетдага до Амударьи, Устюрта, Бадхыза и Койтендага.

Образ жизни: пролетная, гнез-дящаяся, частично зимующая пти-ца. Весенний пролет – в марте, осенний – в сентябре - октябре. Обитает в различных ландшафтах, как в горах, так и в пустыне. Гнез-да – в марте-апреле, на деревьях или кустарниках. В кладке 4-7 яиц. Повторная кладка, взамен утра-ченной, из 5-6 яиц, рыжевато- или зеленовато-белого цвета, с серо-фиолетовыми и зелено-бурыми пятнышками, размеры 25.7 x 19.1



goýýar, ölçegleri - 25.7 x 19.1 mm. Iýunyň birinji ýarymynda jüýjeleýär. Maýda oňurgalylar – suwulganlar, gemrijiler, guşlar we mör-möjekler, tomzaklar, perdeganatlylar, göni-ganatlylar bilen iýmitlenýär.

Statusy: beýleki toganlara gara-nyňda, has giň ýaýran, az sanly, uçup geçýän wagty käbir ýerlerde adaty görnüş.

мм. Птенцы – в первой половине июня. Питаются мелкими позво-ночными – ящерицами, грызунами, птицами, и насекомыми – жуками, перепончатокрылыми, прямокры-лыми.

Статус: по сравнению с другими сорокопутами распространен бо-лее широко, немногочисленный, на пролете местами обычный вид.

### 266. Hindi gyzyl togany – *Lanius vittatus* – Индийский жулан

Meýdan alamatlary: çyparguýruk togan ýaly, ýöne maýda. Maňlaýy we kellesiniň gapdallaryndaky inli zolagy gara. Depesi, ýeňsesi, boýnunyň üstki tarapy we guýrugynyň üsti maňlaýna tarap ýagtylýan açyk-külreňk-çal reňkli. Arkasynyň öňki böleginiň çal örtügi sodalyk bilen egniniň we arkasynyň ortasynda goýy ýa-da çyparrak-goňras reňke geçýär. Ga-natlary ýokarsyndan gara, kiçiräk ak tegmilli. Guýrugy gara, gyralary ak. Bedeniniň aşak tarapy ak, döşi gülgü-ne ýa-da mämişi ýokundyly. Böwür-leri açyk-çypar reňkli. Mäkiýanlary horazlaryna meňzeş, ýöne reňki has öçügsi. Ýaş guşlaryň üsti açyk çal, çypar ýokundyly we açyk-goňur tol-kun şekilli kese geçýän inçe zolakly. Sesi "çir-çir" owaza çalym edýär, saýraýşy beýleki guşlaryň seslerini goşmak bilen, köp halatda öýkünme. Çüňki we aýaklary gara. Ganaty – 81-88.5, guýrugy – 75-94, söbügi – 22-25, çüňki – 9.5-12 mm, agramy – 21-27 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: öz-gelere garanyňda, guýrugynyň uzyn basgançakly bolmagy, böwürleriniň inli ak zolaklary we ganatlaryndaky ak tegmilleriň mese-mälimdigi olary gyzyl togandan tapawutlandyrýar.

Ýaýran ýerleri: Hindistan,

Полевые признаки: напомина-ет кашгарского жулана, но мельче. **Лоб и широкая полоса по бокам головы – черные**. Темя, затылок, верхняя сторона шеи и надхвостье светло-пепельно-серые, светлее ко лбу. Серый цвет передней части спины плавно переходит в темно или рыже-каштановый на плечах и середине спины. **Крылья сверху черные с небольшим белом пят-ном**. **Хвост черный с белыми кра-ями**. Нижняя сторона тела белая с розовым или оранжевым налетом на груди. Бока ярко-рыжие. Самки сходны с самцами, но более тусклы. Молодые сверху светло серые, с рыжеватым налетом и узкими вол-нистыми поперечными светло-бу-рыми полосками. Голос похож на «чир-чир», пение в значительной мере подражательное, с включе-нием голосов других птиц. Клюв и ноги черные. Крыло – 81-88.5, хвост – 75-94, цевка – 22-25, клюв – 9.5-12 мм, вес – 21-27 г.

Сходства – отличия: похож на обыкновенного жулана, но отлича-ется относительно длинным ступен-чатым хвостом с широкими белыми полосами по бокам и более замет-ным белым пятном на крыльях.

Päkistan, Owganystan. Türkmenistanda diňe günortada (Köýtendagda Bathyzda, Gündogar Köpetdagda), gyşyna arealynyň günorta bölegine uçup gidýär.

Ýaşaýşy: höwürtgeleýän guş. Ýazky migrasiýasy aprel, güýzkisi awgust-sentýabrda. Selçeň pisse tokaýlyklarynda gabat gelýär. Pisse ýa-da arça agajynda höwürtge gurýar. 4-5 sany (ikinji gezek köpelende 3-4 ýumurtga) çyparrak-goňur menekli-je agymtyl ýumurtgalary goýýar, ölçegleri – 21 x 16.2 mm. Iýul aýynda jüýjeleýär. Esasan, mör-möjekler, käte maýda oňurgalylar bilen iýmitlenýär.

Statusy: çäkli ýaýran seýrek görnüş.

Распространение: Индия, Пакистан, Афганистан. В Туркменистане – только южные части (Бадхыз, Восточный Копетдаг), на зиму отлетает в южные части ареала.

Образ жизни: гнездящаяся птица. Весенняя миграция – в апреле, осенняя – августе-сентябре. Встречается в редколесьях. Гнезда – на деревьях фисташки арчи и др. деревьев. Кладка из 4-5 яиц (вторые кладки содержат 3-4 яйца, беловатые с рыже-бурыми пятнами. Размеры – 21 x 16.2 мм. Птенцы – в июле. Питается, в основном, насекомыми, изредка мелкими позвоночными.

Статус: редкий вид с ограниченным распространением.

---

**267.** *Bellik*: tötänden uçup gelen, kellesiniň üstüniň gyzylymtyl-goňur we gara arkasy bilen beýleki toganlardan tapawutlanýan **gyzylbaşly togana – *Lanius senator***, Kurendagda (1980 ý.), Gündogar Hazarda, Soýmonow kültemінde (2007 ý.) bir gezek duşuldy.

**267.** *Примечание*: дважды - в Курендаге (1980 г.) и на Восточном Каспии, у бухты Соймонова (2007 г.), встречены залетные **красноголовые сорокопуты – *Lanius senator***, отличающиеся от других сорокопутов красно-коричневым верхом головы и черной спиной.

## Sargyldaklar – *Oriolidae* – Иволговые

Beden gurluşy we ölçegi boýunça jokjoky möçberli, orta ululykdaky guşlar maşgalasy. Olaryň esasy tapawutlandyryjy alamaty ganatlarynyň gara ýa-da goňurrak, guýrugynyň garamtyl we kellesiniň gara tegmilidigi, açyk ýaşylymtyl-sary reňkiniň bolmagydyr. Gündogar ýarymşaryň tropik we subtropik zolaklarynda ýaýran. Dünýäde 38 görnüş, olardan Türkmenistanda – 1 görnüş.

Семейство птиц средней величины, по размерам и телосложению несколько схожие с дроздами. Характерный признак – яркая зеленовато-желтая окраска с черными или буроватыми крыльями, темным хвостом и черными пятнами на голове. Распространены в тропических и субтропических зонах восточного полушария. В мире 38 видов, из которых в Туркменистане – 1 вид.



### 268. Sargyldak – *Oriolus oriolus* – Обыкновенная иволга

Meýdan alamatlary: **horazynyň arkasy we garyn tarapy sary.** Ganatlary gara, ýelekleri insiz agymtyl gaýmaly. Gara guýrugynyň ujy sary gyraly. Çüňkünden gözüne tarap gara zolak geçýär. **Mäkiýan guşuň arka tarapy ýaşylymtyl-çalymtyl**, ganatlary we guýrugy goňurrak, döşi çal öwüşginli we dik menekli, garyn tarapy agymtyl, seýrek sarymtyl. Ýaş guşlar mäkiýanlaryna meňzeş. Sesi boýunça aňsat tanasa bolýar– pert “wžýaýaa” we owadan tüýdik sykylygy – “fuýu-tiu-liu”. Uzynlygy – 240 golaý, ganaty – 139-149, ganatlarynyň gerimi – 440, söbügi – 24-26 mm, agramy – 70-83 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: bizde meňzeş görnüşleri ýok.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän ýerleri Orta we Günorta Ýewropa, Demirgazyk-Günbatar Afrika, Kiçi, Alynky, Orta Aziýa we Merkezi Aziýanyň gunbatary, Hindistan ý/a. Orta Aziýada, esasan, derýalaryň jülgelerinde we oazislerde. Türkmenistanda Amyderýa, Garagum, Murgap, Tejen, Etrek derýalarynyň jülgeleri, Hazarýakasynyň käbir ýerleri, Uly Balkan, Köpetdag we onuň etekleri, Bathyz, Köýtendag. Hindistanda we Günorta Afrikada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän guş, ýazyna aprel-maýda, güýzne awgustda uçup geçýär. Beýik sütünli agaçlyklarda toraňňylyklarda, miweli we saýaly baglarda, seýilgählerde, jeňňelli dag jülgelerinde duşýar. Agaç çybyklarynyň arasynda asylyp duran kiçiräk okara şekilli höwürtge gurýar. 3-4 sany gara menekli ak ýumurtgalary goýýar, ölçeg-

Полевые признаки: **у самца спина и брюшная сторона желтые**. Крылья черные с узкими светлыми каемками перьев. Хвост черный с желтым краем на конце. Полоска от клюва к глазу – черная. **У самки спинная сторона серо-зеленоватая, буроватая на крыльях и хвосте**, грудь с серым оттенком и продольными пестринами, а брюшная сторона – беловатая, реже желтоватая. Молодые сходны с самкой. Легко обнаруживается по голосу – резкое «вжяяаа» и красивый флейтовый свист «фию–тиу-лиу». Длина – около 240, крыло – 139-149, размах крыльев – 440, цевка – 24-26 мм, вес 70-83 г.

Сходства – отличия: у нас сходных видов нет.

Распространение: область гнездования – Средняя и Южная Европа, Северо-Западная Африка, Малая, Передняя, Средняя и запад Центральной Азии, Индостан. В Средней Азии, в основном, по долинам рек и оазисам. В Туркменистане – долины Амударьи, Каракумдарьи, Мургаба, Теджена, Этрека, местами в Прикаспии, Больших Балханах, Копетдаге и их предгорьях, Бадхызе, Койтендаге. Зимует в Индостане и в Южной Африке.

Образ жизни: пролетная, гнездящаяся птица, весенний пролет – в апреле-мае, осенний – в августе. Населяет участки с высокоствольной древесной растительностью – тугаи, сады, парки, заросшие горные ущелья. Гнездо устраивает на деревьях в виде небольшой чаши, свисающей между ветвями.

leri - 20 x 30 mm. Iýunyň ortasynda jüýjeleýär we iýulda jüýjeleri uçurym bolýar. Esasan, dürli mör-möjekler we olaryň liçinlalary bilen iýmitlenýär.

Statusy: adaty, käbir ýerlerde seýrek, bölekleýin ýaýran.

В кладке 3-4 белых с черными крапинками яйца, размеры – 20 х 30 мм. Птенцы – в середине июня, а слетки в июле. Питаются, главным образом, различными насекомыми и их гусеницами.

Статус: обычная, местами редкая птица, с неравномерным распространением.

### Sarlar – *Sturnidae* – Скворцовые

Aglaba açyk meýdan giňişliklerinde ýaşaýn guşlar maşgalasy. Dykyz beden gurluşly, jokjoky möçberli guşlar. Çüňki göni, uzyn, inçelen ujy çowly gutarýar. Çüňkünin uçjagazy aşaklygyna sähelçe egmek. Ganatlary orta uzynlykda, ýiti uçly. Ýygnalan ganatlary guýrugynyň ujuna ýetmeýär. Aýaklary berdaşly, orta uzynlykda. Dyrnaklary gaňyrçagrak, sarlaryň köplenç ýeriň üstünde gezýändigine seretmezden, uçlary ýiti. Guýruklary dürli görnüşde we uzynlykda. Ýelek örtügi gür, bedenine dykyz ýapylýar. Kellesinde käte hüpügi bolýar. Reňki, aglaba, gara, gyzylymtyl, gök we ýaşyl boýag garyndyly, güýçli metal öwüşginli. Görnüşleriň köpüsi üçin reňki jyns tapawudyny görkezýär. Ýaş guşlar metal öwüşginsiz, çal ýa-da goňur, köp bölegi menekli. Ýygy-ýygydan sürä toplanýarlar. Ganatlaryny ýaý-many aralaşdyryp, göni we çalt uçýarlar. Agaçlaryň köweklerinde, hinlerde, gaýalarynyň jaýryklarynda we gum gaýalaryň köwülen ýerlerinde höwürtgeleýärler. Dünýäde 100-den gowrak görnüş, olardan 4-si Türkmenistanda.

Семейство птиц обитающих, преимущественно, в открытых ландшафтах. Телосложение плотное. Размером с дрозда. Клюв прямой и довольно длинный, относительно тонкий, в конце заостренный. Кончик клюва слабо загибается вниз. Крылья умеренной длины, острые. Концы сложенных крыльев не достигают конца хвоста. Ноги сильные, умеренной длины. Когти крючковатые, но не притупленные, несмотря на то, что скворцы, в основном, ходят по земле. Хвост различной формы и длины. Оперение густое, плотно прилегающее к телу. На голове иногда бывает хохол. Окраска часто черная с сильным металлическим пурпуровым, синим и зеленым отливом. Для многих видов характерны половые различия в окраске. Молодые лишены металлического блеска, серые или бурые, по большей части с пестринками. Часто собираются в стаи. Полет прямой, быстрый, в чередовании с планированием. Гнездится в дуплах деревьев, норах, расщелинах скал и углублениях обрывов. В мире более 100 видов, из которых 4 в Туркменистане.



### 269. Dag meýnesi, ýa-da Bramin sary – *Sturnus pagodarum* – Горная майна

Meýdan alamatlary: **kellesi uzyn hüpükli.** Çüňki gysga we güberçek. Guýrugy sähelçe basgançaklanan. Depesi, hüpügi we ganatlarynyň uçlary gara. **Arkasy, guýrugynyň we ganatlarynyň üsti goňurrak-çal. Ganatlarynyň aşaky tarapy ak. Duluklary, boýny, döşi we garyn tarapy çyparrak. Guýrugynyň aşagy çyparrak-agymtyl.** Çüňki sary ýaşylymtyl-mawy, gözleriniň göreji ak. Aýaklaty sary. Ýaş guşlar açykgoňurrak, garamtyl telpejikli, ganatlary we guýrugy goýy-goňur reňkli. Ganaty – 102-109, guýrugy – 70 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: umumy reňki goňurrak-çal, gara hüpügi we ýelek örtüginde gyzgylt reňkiň ýoklugy bilen beýleki sarlardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Günorta Aziýa, Seýlon we Hindistandan demirgazyga Günorta Gimalaý daglaryna çenli we Gündogar Owganistan. Orta Aziýada we Türkmenistanda Köýtendag we onuň etekleri.

Ýaşaýşy: tötänden uçup gelýän guş (Köýtendag, 1963 ý). Dagda 1200-1500 m beýiklige çeni ýaşaýar, ýöne ol dag eteklerinde has adaty, onuň ekerançylyk ýerlerde duşmagy hem mümkin.

Statusy: örän seýrek, az öwrenilen görnüş.

Полевые признаки: **на голове черный хохол**. Клюв короткий и выпуклый. Хвост слегка ступенчатый. Темя, хохол и концы крыльев черные. **Спина, надхвостье и крылья сверху буровато-серые. Нижняя сторона крыла белая. Щеки, шея, грудь и брюшная сторона – рыжеватые. Подхвостье – рыжевато-белое**. Клюв желтый с зеленовато-голубым основанием, радужка глаз белая. Ноги желтые. Молодые светло-бурые, с темной шапочкой, темно-бурыми крыльями и хвостом. Крыло – 102-109, хвост – 70 мм.

Сходства – отличия: от других скворцов отличается черным хохлом при общей буровато-серой окраске и отсутствием розового цвета в оперении.

Распространение: Южная Азия, Цейлон и Индостан к северу до Южных Гималаев и Восточного Афганистана. В Средней Азии и Туркменистане – Койтендаг и его предгорья.

Образ жизни: залетная птица (Койтендагда, 1963 г.). Обитает в горах до высот 1200-1500 м, но более обычен в предгорьях, можно встретить и в сельскохозяйственном ландшафте.

Статус: очень редкий, мало изученный вид.

### 270. Garasar – *Sturnus vulgaris* – Обыкновенный скворец

Meýdan alamatlary: kellesi hüpüksiz, orta ululykdaky sar. Guýrugynyň ujy göni. **Ýelek örtügi ýazyna gara ýiti metal öwüşginli, garyn aşagy çala saýgardýan**

Полевые признаки: средних размеров скворец, без хохла на голове. Хвост на конце прямой. **Весной оперение черное с ярким металлическим отливом, еле за-**

**agymtyl menekli, guýrugy ak tegmilsiz.** Kellesi, boýny we bokurdagy ýaldyrawuk ýaşyl. Arkasy, bili, petekesindäki zolak ýaşylymtyl, garny ýaşylymtyl-gögümtil. **Gyş döwrinde gara reňkiň deregine ak reňkli menekler peýda bolýar.** Çüňki (jübütleşýän döwründe) sary reňkli. Aýaklary gyzylymtyl-goňur. Mäkiýan guşlar öçügsi reňkli. Ýaş guşlary agymtyl-goňur, bokurdagy we garnynyň ortasy agymtyl öwüşginli. Sesi pert, gyjyrdyly. Saýraýşy dürli, beýleki guşlaryň ses bogunlary we keseki sesleriň goşulmagy. Ýazyna jübüt, galan wagty, aýratyn-da, gyş aýlary süri bolup gezýär. Ganaty – 120-135, guýrugy – 59-70, söbügi – 24.2-32.1, çüňki – 22-28.7 mm, agramy – 70.8-94 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: metal öwüşginliliginiň ýitidigi we guýrugynyň gysgadygy bilen gara jokjokydan tapawutlanýar. Ýaş guşlaryň agymtyl-sary reňkiniň öçüksidigi we biliniň agymtyl ýokundysynyň aýdyň däldigi bilen ýaş alasarlardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi giň. Ýewropa we Aziýadan gündogara Baýkal kölüne çenli. Türkmenistanda höwürtgeleýär Amyderýada, Garagum, Murgap, Guşgy, Tejen derýalarynda, Günbatar Uzboýda, Etrekde, Hazarýakasynda, Köpetdagda, Köýtendagda we olaryň eteklerinde. Günorta - Günbatar Ýewropadan we Ortaýer deňzinden Päkistana we Demirgazyk - Günbatar Hindistana çenli gyşlaýar

Ýaşaýşy: uçup geçýän, höwürtgeleýän we gyşlaýan guş, bir bölegi oturymly. Ýazky migrasiýasy – martda, güýzkisi sentýabr noýabr aralykda. Derýalaryň jülgeleriniň kenarydaky uçutlarda, dag derýajyklarynyň gaýaly ýerlerinde, pisseliklerde (Bathyzda) we oazisleriň ilatly nokatlarynda, çölde seýrek höwürtgeleýär. Mart aýynda jübütleşýär we köweklerde ýa-da ýapyk, amatly bolan ýerlerde höwürtge gurýar. Ýylda iki gezek, adatça 5-6 sany meneksiz, mawumtyl-ýaşyl ýumurtgalary goýýar, ölçegleri – 20 x 31 mm. Aprel aýynda jüýjeleýär. Uly sürülere toplanyp, düzlük meýdan giňişliklerinde, oazislerde, ýollaryň ýakalarynda, ýaşalýan obalarda gyşlaýar. Mörmöjekler, olaryň liçinkalary we beýleki oňurgasyz haýwanlar, şeýlede ösümlikler bilen iýmitlenýärler.

Statusy: adaty, güýz-gyş döwründe köpsanly, oňat tanalýan guş.

**метными светлыми пестринами на брюшке, без белых пятен на хвосте**. Голова, шея и горло с фиолетовым блеском. Спина, поясница, полоса на зобе зеленоватого отлива, брюшко фиолетово-синее. **В зимнее время вместо черного цвета появляются частые белые пестрины**. Клюв (в брачный период) желтого цвета. Ноги красно-бурые. Самка окрашена тусклее. Молодые светло-бурые, с беловатым оттенком горла и центральной части брюшка. Голос резкий, скрипящий. Пение разнообразное, с элементами песен других птиц и сторонних звуков. Держатся весной парами, в остальное время в стаях, особенно зимой. Крыло –120-135, хвост – 59-70, цевка – 24.2-32.1, клюв – 22-28.7 мм, вес – 70.8-94 г.

Сходства – отличия: от черного дрозда отличается ярким металлическим блеском и укороченным хвостом. Молодые птицы отличаются от молодых розовых скворцов менее яркой светло-желтой окраской и плохо выраженным светлым оттенком поясницы.

Распространение: гнездовая часть ареала широкая – Европа и Азия на восток до Байкала. В Туркменистане гнездится по Амударье, Каракумдарье, Мургабу, Кушке, Теджену, Западному Узбою и Этреку; в Прикаспии, в Копетдаге, Койтендаге и их предгорьях. Зимовки от Юго-Западной Европы и Средиземноморья до Пакистана и Северо-Западной Индии.

Образ жизни: пролетная, гнездящаяся и зимующая птица, часть особей оседла. Весенняя миграция – в марте, осенняя – с сентября по ноябрь. Гнездится в береговых обрывах речных долин, по обрывистым участкам горных речек, в фисташниках (Бадхыз) и в оазисах, включая населенные пункты, очень редко в пустыне. Гнездование в марте. Гнезда строит в дуплах или других закрытых местах. Две кладки в году, обычно 5-6 яиц голубовато-зеленого цвета без пятен, размеры – 20 х 31 мм. Птенцы – в апреле. Зимуют в стаях, большей частью на равнинах, в оазисах, вдоль дорог, у поселков. Питаются насекомыми, их личинками, червями и другими беспозвоночными животными, а также растительным кормом.

Статус: обычная, в осенне-зимнее время многочисленная, хорошо узнаваемая птица.

### 271. Ala sar – *Sturnus roseus* – Розовый скворец

Meýdan alamatlary: orta ölçeglerdäki sar. **Ýaşy ýeten guşlaryň kellesi uzyn hüpükli.** Boýny, petekesi, ganatlary, guýrugy gara, gögümtil metal öwüşginli. **Arkasy, eginleri, döşi, garny, böwürleri we çüňki gyzgylt, kellesi we boýny goýy gyzyl örtükli, galan ýelek örtügi gara.** Mäkiýany tutuk reňkli, ýelekleriniň gyzgylt bölegi kirliräk ýokundyly, gara-goňurrak reňk bilen çalşyrylan, hüpügi has gysga. Ýaş guşlar goňurrak ýa-da çalymtyl-ýaşyl reňkde, kellesi goňurrak tegmilli. Çüňki gyzgylt, aýaklary kirliräk-sary, gözleri goňur. Sesi pert, byzyrdyly gyjyrdy. Süri bolup gezýär. Ganaty – 120-135, guýrugy – 62-73.5, söbügi – 30-34, çüňki – 17.3-20.5 mm, agramy - 64.4-74 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: arkasynyň we garnynyň gyzgyltdygy bilen beýleki sarlardan tapawutlanýar. Kellesinde hüpügi anyk görünýär.

Полевые признаки: средних размеров скворец. **У взрослых на голове длинный хохол**. Шея, зоб, крылья, хвост – черные, с синеватым металлическим отливом. **Спина, плечи, грудь, брюшко, бока и клюв – розовые, на голове и шее с пурпурным** отливом, а остальное оперение черное. Самка окрашена менее ярко, розовые части оперения более грязного тона, а черные заменены буроватыми, хохол значительно короче. Молодые окрашены в бурые или серо-зеленоватые тона, с буроватыми пятнышками на голове. Клюв розовый, ноги грязно-желтые, глаза коричневые. Голос – резкий, скрипучее верещание. Держатся в стаях. Крыло – 120-135, хвост – 62-73.5, цевка – 30-34, клюв – 17.3-20.5 мм, вес – 64.4-74 г.

Сходства – отличия: в отличие

Ýaýran ýerleri: Günorta-Gündogar Ýewropa, Kiçi we Orta Aziýa, Gazagystan. Türkmenistanda daglarda we dag eteklerinde, Uly we Kiçi Balkanda, Köpetdagda, Bathyzda, Garabilde, Köýtendagda, düzlüklerde, Amyderýanyň, Garagum, Murgap, Tejen, Sumbar, Etrek derýalarynyň jülgelerinde, Günbatar Uzboýda. Alynky Aziýada we Hindistanda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän, höwürtgeleýän we göçüp-gonýan guş. Ýazky migrasiýasy apreliň soňunda-maýyň başynda, güýzkisi awgustda. Dürli landşaftlarda ýaşaýar. Maý aýynda topar bolup höwürtgeleýär. Gaýa-laryň ýarçyklarynda, gum gaýalardaky hinlerde, agaçlaryň köweklerinde seýrek okaraşekilli höwürtge gurýar. Ýylda iki gezek köpelýär. 5-6 sany solgun-gögümtil reňkli ýumurtgalary goýýar, ölçegleri - 28.4 x 20.2 mm. Maý-iýunda jüýjeleýär. Mör-möjekler, esasan, çekirtgeler, garynjalar, jykjyklar, tomzaklar, eşekýassyklar bilen iýmitlenýär. Göçüp-gonýan sürüleriň üzümçilik we miweli bagly ýerlerde toplanmagy mümkin.

Statusy: adaty, uçup geçýän wagty köpsanly, käbir ýerlerde örän köpsanly guş.

от других скворцов спина и брюшко розовые. На голове хорошо заметный хохол.

Распространение: Юго-Восточная Европа, Малая и Средняя Азия и Казахстан. В Туркменистане – в горах и предгорьях – Больших и Малых Балханах, Копетдаге, Бадхызе, Карабиле, Койтендаге; на равнинах по долинам Амударьи, Каракумдарьи, Мургаба, Теджена, Сумбара, Этрека, Западного Узбоя. Зимует в Передней Азии и Индостане.

Образ жизни: пролетная, гнездящаяся и кочующая птица. Весенняя миграция – в конце апреля-начале мая, осенняя – в августе. Обитают в различных ландшафтах. Гнездится в мае, образуя колонии. Гнездо чашевидно неправильной формы, строит в расщелинах скал, в норах обрывов, реже в дуплах деревьев. Две кладки в году. В кладке 5-6 бледно-голубоватого цвета яиц, размеры – 28.4 х 20.2 мм. Птенцы – в мае-июне. Питаются насекомыми, в основном, саранчовыми, меньше муравьями, чернотелками, жуками, мокрицами. Кочующие стаи могут собираться на виноградниках и в садах.

Статус: обычная во время пролета птица.

### 272. Meýne – *Acridotheres tristis* – Майна

Meýdan alamatlary: dykyz beden gurluşly **uly sar. Maňlaýynda ýelekleriniň sähelçe peşşeren görnüşindäki hüpük.** Çüňki gysga we berdaşly. Kellesi, boýny, guýrugy gara. Ganatlary, döşi we garny goňurrak-gyzgylt. Ganatlaryndaky we guýrugynyň ujyndaky zolaklar ak. **Gözüniň yzy tegmilli, çüňki we aýaklary sary.** Ýöreýşi guýruksyz maýda alahekegi ýatladýar, ýöne towusmaýar. Çalt, gysga we bir ugra uçýar. Hemmä äşgär, örän gykylykçy guş. Adatça, topar, aýratyn-da, gijelerine süri bolup toplanýar. Saýraýşy gyjyrdyly, inçe boguk sesli sykylyklar. Ganaty – 135-146, guýrugy – 76-92, söbügi – 40-43, çüňki – 18-22 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: beýleki sarlardan ululrak, gözüne ýanaşyk sary reňkli näbelli boşluk bolýar. Ganatlaryndaky ak tegmiller uçan mahaly anyk görünýär.

Ýaýran ýerleri: Günorta-Gündogar, Günorta, Orta Aziýa we Günorta Gazagystan. Türkmenistanda Amyderýanyň, Garagum, Murgap, Guşgy, Tejen derýalarynyň jülgelerinde, Köýtendagda, Köpetdagda we olaryň eteklerinde, Garabilde, Bathyzda. Hazar deňzine tarap öz arealyny giňeldýär.

Ýaşaýşy: oturymly guş, hakyky sinantrop, antropogen landşaftlarda ýa-da olaryň täsiri bolan ýerlerde ýaşaýar. Mart-aprelde höwürtgeleýär. Höwürtgesi köwekde, amatly bolan tekjelerde, jaýrylan diwarlarda, adamyň guran desgalarynda ýerleşýär. Ýylda iki-üç gezek köpelýär. 4-6 sany agymtyl-mawy reňkli ýumurtgalary goýýar, ölçegleri – 29.6 x 21.2 mm. Maý aýynda jüýjeleýär. Mör-möjekler – göniganatlylar we tomzaklar, şeýle-de ösümlikler bilen iýmitlenýär. Zyýankeş mör-möjekleri, aýratyn-da, çekirtgeleri gyrmakda peýda getirýär, ýöne, käte miweli baglara we üzümçilige zyýan ýetirmekleri mümkin.

Statusy: adaty, jülgelerde we oazislerde köpsanly, Amyderýanyň jülgesinde örän köpsanly görnüş.

Полевые признаки: крупный скворец плотного телосложения. На лбу хохолок в виде слегка приподнятых перьев. Клюв короткий и сильный. Голова, шея, хвост – черные. Крылья, грудь и брюшко – буровато-розовые. **Полосы на крыльях и концах хвоста белые**. **Пятно за глазом, клюв и ноги желтые**. По походке напоминает мелкую сороку без хвоста, но не прыгает. Полет быстрый, относительно короткий и прямолинейный. Очень заметная крикливая птица. Держится обычно группами и стаями, особенно на ночевках. Пение скрипучее, хриплое с низкими свистами. Крыло – 135-146, хвост – 76-92, цевка – 40-43, клюв – 18-22 мм.

Сходства – отличия: крупнее других скворцов, около глаза имеется неоперенный участок желтого цвета. На крыльях в полете хорошо видны белые пятна.

Распространение: Юго-Восточная, Южная, Средняя Азия и Южный Казахстан. В Туркменистане – долины Амударьи, Каракумдарьи, Мургаба, Кушки, Теджена, в предгорьях и горах Койтендага, Копетдага, в Карабиле и Бадхызе. Расширяет свой ареал в направлении Каспийского моря.

Образ жизни: оседлая птица, типичный синантроп, придерживается антропогенных ландшафтов или их элементов. Гнездится в марте-апреле. Гнездо в дуплах, всевозможных нишах, щелях, в постройках человека. Две-три кладки в году. В кладке 4-6 яиц ярко-голубого цвета, размеры – 29.6 х 21.2 мм. Птенцы – в мае. Держатся в стаях, особенно большие стаи образуют на ночлегах в садах или парках. Питаются насекомыми – прямокрылыми и жуками, а также растительным кормом. Истреблением вредных насекомых, особенно саранчовых, приносит пользу, но местами может наносить вред садам и виноградникам.

Oňat tanalýan, gykylykçy, adamlaryň golaýynda ýaşamaga uýgunlaşan guş.

Статус: обычный, по долинам и в оазисах многочисленный, а в долине Амударьи очень многочисленный вид. Хорошо заметная, шумная, птица, хорошо приспособленная к жизни рядом с человеком.

## Gargalar – *Corvidae* – Врановые

Konusşekilli gapdalyndan gysylan, uly çüňkli, daýaw we orta ölçeglerdäki guşlar maşgalasy. Beden gurluşy sagdyn, aýaklary güýçli, dyrnaklary egmek. Burun deşikleri gaty gyllar bilen ýapylan (ekinçi gargadan başgalary). Ýelek örtügi gaty, ýa-da ýumşak we gowşak, göwresini dykyz ýapýar, ýygy-ýygydan metal ýalpyldy berýär. Horazlarynyň we mäkiýanlarynyň arasynda ýelek örtüginiň reňkinde tapawudy ýok, ýöne horazlary mäkiýanlaryndan ulurak. Ganatlary tegelenen we ýiti uçly. Görnüşleriniň käbiri oturymly, köpüsi göçüp-gonýar we az sanlysy uçup geçýär. Gyşlaýan ýeri, adatça, höwürtgeleýän meýdanlarynda ýerleşýär. Olaryň ýaşaýan ýeri örän dürli: dagda, çöllükde, derýalaryň jülgelerinde, oba hojalyk landşaftlarynda. Aýratyn jübüt we topar bolup, agaçlaryň üstünde, dag gaýalaryndaky jaýryklarda, agaçlaryň köweklerinde we adamlaryň guran desgalarynda höwürtgeleýär. Höwürtgeleri uly. Zyýankeş gemrijileri we mör-möjekleri gyrmakda oba hojalygyna peýda getirýärler, ýöne käte, käbir görnüşleri belli bir şertde ösümlikleriň dänelerini ýa-da guşlaryň ýumurtgalarny iýip, zyýan ýetirmeklri mümkin. Gargalar kontinentleriň hemmesinde, Antraktidadan, Täze Zelandiýadan we käbir umman adalaryndan başgalarynda, giň ýaýrandyr. Jemi 104 görnüş, olaryň 10-sy Türkmenistanda.

Семейство птиц крупных и средних размеров, с большим, сжатым с боков, конической формы клювом. Телосложение крепкое, ноги сильные, когти изогнутые. Ноздри прикрыты жесткими щетинками (кроме грача). Оперение или жесткое, плотно прилегающее к телу, или мягкое и рыхлое, часто с металлическим блеском. Различий в окраске оперения между самцами и самками нет, но самцы крупнее самок. Крылья округлые и острые. Некоторые виды оседлые, большинство кочующие, и немногие – перелетные. Обычно места зимовок расположены в области их гнездовых территорий. Местообитания весьма разнообразны: горы, пустыни, долины рек, сельскохозяйственный ландшафт. Гнездятся отдельными парами и колониями на деревьях, скалах, в щелях, в дуплах деревьев и постройках человека. Гнезда массивные. Приносят пользу сельскому хозяйству, уничтожая вредных грызунов и насекомых, но местами при определенных условиях некоторые виды могут играть отрицательную роль поедая семена или яйца птиц. Врановые птицы широко распространены на всех континентах, за исключением Антарктики, Новой Зеландии и ряда океанских островов. Всего 104 вида, из которых в Туркменистане – 10.

## 273. Çürçüri – *Podoces panderi* – Саксаульная сойка

Meýdan alamatlary: gargadan has kiçi, jokjoky ölçeginde. Özgelere garanyňda çüňki uzyn we ujy egmek häsiýetli, ganatlary gysga we tegelenip gutarýar, aýaklary güýçli söbügi uzyn we gysga barmaklary çägäniň üstünde hereket etmek üçin uýgunlaşandyr. **Arkasynyň we kellesiniň üsti açyk-çal reňkli**, ganatlary, guýrugy, çüňkinden gözüne tarap geçýän zolak we **petekesindäki tegmil gara.** Sesi jaňňyrdyly – “se-se-se …”. Howada uçanyndan, aýaklary bilen ýerde ylgap gezenini halaýar. Ganatlarynyň gysga kakuwy ylganynda kömek edýar. Gyradeň we gysga aralyga uçýär. Jübüt bolup gezýär. Ganaty – 11.2-12.3 sm, agramy 86-96 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: **bizdäki gargalaryň iň maýda wekili.** Uçan mahaly ganatlaryndaky **häsiýetli gara we ak reňkleriň** mese-mälim görünýändigi bilen tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Orta Aziýa we Gazagystanyň günorta-gündogary. Türkmenistanda Garagum, Çilmämmetgum, Üçtagangum çöllerinde.

Ýaşaýşy: oturymly, çöl guşy. Ýarymberkän, şeýle-de berkän çägeliklerde, seýrek çagelik-takyrlyk meýdanlarda ýaşaýar. Olar höwürtgeleýän ýerlerinden uzaga gitmän gezýar. Aprelde höwürtgeleýär. Gyrymsy agaçlaryň şahalarynyň arasynda höwürtge gurýar we guran höwürtgesiniň üstüni basyrýar (alahekegiň höwürtgesi-

Полевые признаки: намного мельче вороны, размером с дрозда. Характерны относительно длинный и изогнутый к концу клюв, короткие и округленно заканчивающиеся крылья и сильные ноги с длинной цевкой и короткими пальцами, приспособленными для передвижения по песку. **Спина и голова сверху светло-серого цвета**, а крылья, хвост, полоса от клюва к глазу и **пятно на зобе – черного**. Голос – звенящее «це-це-це…». Предпочитает больше передвигаться на ногах по земле, чем летать. При беге помогает короткими взмахами крыльев. Полет ровный и на короткие расстояния. Держатся парами. Крыло – 11.2-12.3 см, вес 86-96 г.

Сходства – отличия: **самый мелкий представитель из наших врановых. Отличается характерной окраской**, на крыльях в полете бросаются в глаза черный и белый цвета.

Распространение: только в Средней Азии и на юго-востоке Казахстана. В Туркменистане – пустыни Каракумы, Чильмаммедкумы, Учтаганкумы.

Образ жизни: оседлая. Пустынная птица, обитает в полузаросших, а так же в заросших песках, редко на песчано-глинистых участках. Строго придерживается гнездовых участков. Гнездятся в апреле. Строят гнезда на кустарниках среди

ne çalymdaş). 3-5 sany iri ýaşylymtyl -goňur tegmilli ak ýumurtgalary goýýar. Maý aýynda jüýjeleýär. Ilkinji goýan ýumurtgalary şowsuzlyga uçurasa, goşmaça ýumurtga goýmaklary mümkin. Dürli mör-möjekler, maýda suwulganlar we çöl ösülikleriniň tohumlary bilen iýmitlenýär.

Statusy: Orta Aziýanyň çöllerinde ýaşaýar (endemik), "Garagumuň ornitologik nyşany" diýip atlandyrmaga mynasyp, az sanly, käbir ýerlerde adaty guş.

ветвей, при постройке делают над гнездом легкую крышу (похоже на гнездо сороки). В кладке 3-5 яиц. Окраска беловатая с крупными зеленовато-бурыми пятнами. Птенцы – в мае. В случае гибели кладки бывает дополнительная. Питаются различными насекомыми, мелкими ящерицами и семенами пустынных растений.

Статус: эндемик пустынь Средней Азии, можно назвать «орнитологическим символом Каракумов», является немногочисленной, местами обычной птицей.

### 274. Alahekek – *Pica pica* – Сорока

Meýdan alamatlary: gargadan biraz maýda. **Oňat tanalýan, uzyn guýrukly gara-ak reňkli guş. Kellesi, boýny we arkasy gara, garny, guýrugynyň üsti, eginlerindäki we ganatlaryndaky inli zolaklar ak.** Ganatlary metal ýalpyldyly, ýaşylymtyl-gögümtil ýa-da ýaşylymtyl - gök. Guýrugynyň aşagy gara, üsti – ýaşylymtyl, gögümtil we gyzylymtyl-metalsypat öwüşginli. Ýaş guşlaryň ýelek örtügi has ýumşak, goňurrak ýokundyly we metal ýalpyldysyz. Sesi pert jakyrdama. Gysga ganatlaryny ýygy-ýygydan kakyp, tolkunsypatda, agyrlyk bilen uçýar. Ganaty – 17.5-23.0, guýrugy – 22.9-26.6 sm, agramy - 165-261 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: basgançakly uzyn guýrugy we gara-ak reňki bilen beýleki gargalardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Ýewropanyň hemme ýeri, Günorta-Günbatar, Günorta-Gündogar, Merkezi we Orta Aziýa, Demirgazyk Amerikanyň günbatary. Türkmenistanda Köýtendag, Bathyz, Sarygamyş, Köpetdag, derýalaryň jülgeleri, we Hazaryň kenarynda Günbatar Uzboý.

Ýaşaýşy: oturymly guş. Dürli landşaftlarda ýaşaýar, derýalaryň joşup giňän ýerlerinde, ekerançylyk, miweli we saýaly baglyk, bakjaçylyk meýdanlarda, ilatly nokatlarda ýaşamany halaýar. Aprelde höwürtgeleýär. Höwürtgeleri özboluşly. Ýokarysy ýapyk, gapakly, beýik agaçlarda, seýrek gyrymsylarda seýrek guryar. 4-6 sany goňur menekli mawumtyl-ýaşyl ýumurtgalary goýýar. Aprel-maýda jüýjeleýär. Dürli mör-möjekler ädiktikerler, wyžžyldawuklar, jykjyklar, çarlaklar, çekirtgeler, şeýle-de gurçuklar, maýda oňurgaly haýwanlar we ösümlikleriň miweleri, tohumlary bilen iýmitlenýär. Tebigatda 20, emeli şertlerde 15 ýyla çenli ýaşaýar.

Statusy: oňat tanalýan, adaty, bölekleýin ýaýran guş.

Полевые признаки: намного мельче вороны. **Хорошо заметная, черно-белая с длинным хвостом птица. Голова, шея и спина – черные, брюхо, надхвостье и широкие полосы на плечах и крыльях – белые**. Крылья с зеленовато-фиолетовым или зеленовато-синим металлическим блеском. Хвост снизу черный, сверху с зеленоватым, синеватым и пурпурно-металлическим отливом. У молодой птицы оперение более рыхлое с буроватым налетом и без металлического блеска. Голос – резкое стрекотание. Полет тяжелый, волнистый, с частыми взмахами коротких крыльев. Крыло – 17.5-23.0, хвост – 22.9-26.6 см, вес 165-261 г.

Сходства – отличия: от других врановых отличается длинным ступенчатым хвостом и характерной черно-белой окраской.

Распространение: вся Европа, Юго-Западная, Юго-Восточная, Центральная и Средняя Азия и запад Северной Америки. В Туркменистане – Койтендаг, Бадхыз, Сарыкамыш и побережье Каспия, Копетдаг, долины всех рек, Западный Узбой, местами прикаспий.

Образ жизни: оседлая птица. Обитает в различных ландшафтах, тяготеет к речным поймам, полям, садам и огородам, в населенных пунктах. Гнездится в апреле. Гнезда своеобразные – с крышей, чаще на деревьях, чем на кустарниках. В кладке 4-6 яиц. Окраска их голубовато-зеленая с бурыми крапинами. Птенцы – в апреле-мае. Питаются различными насекомыми – долгоносики, жужелицы, чернотелки, сверчки, саранчовые, а также червями, мелкими позвоночными животными и растительным кормом – плодами, ягодами, семенами. На воле живет до 20, в неволе – до 15 лет.

Статус: хорошо узнаваемая, обычная птица с неравномерным распространением.

### 275. Gara zag – *Pyrrohorax pyrrohorax* – Клушица

Meýdan alamatlary: gargadan kiçi. **Çüňki uzalan, gyzylymtyl-gülgüne-gyzyl, ujy egmek.** Ýelek örtügi gara, ganatlary we guýrugy ýaşylymtyl öwüşginli. Ýaşlarynyň umumy reňk öwüşgini ýalpyldysyz goňurrak-gara, çüňki we aýaklary goňurrak-mämişi. Ýeňil we çalt uçýar. Sesi gaty we labyzly. Ýerde ädimläp we towsup hereket edýär. Ganaty - 300-330, çüňki 37-48 mm, agramy - 277-375 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: gyzylymtyl - gülgüne - gyzyl, uzalan egmek çüňki bilen beýleki gargalardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Ýewraziýanyň daglyk ýerleri. Türkmenistanda

Полевые признаки: меньше вороны. **Клюв кораллово-красный, изогнутый, удлиненный**. Оперение черное с зеленоватым отливом на крыльях и хвосте. У молодых птиц общий тон окраски буровато-черный, без блеска, а клюв и ноги буровато-оранжевые. Полет легкий и быстрый. Голос – звонкий и мелодичный. Двигается по земле шагами и прыжками. Крыло – 300-330, клюв 37-48 мм, вес – 277-375 г.

Сходства – отличия: от других врановых отличается кораллово-красным изогнутым длинным клювом.

Распространение: горные области Евразии. В Туркменистане – в

daglyk we dageteklerinde, Bathyzyň we Garabiliň käbir ýerlerinde.

Ýaşaýşy: oturymly guş. Daglaryň gaýaly we uçut eňňitli ýerlerinde ýaşaýar, ýanaşyk düzlüklere aralaşmagy mümkin. Adatça, süri bolup gezýär, ýöne ýekelikde we jübüt bolup hem gabat gelýär. Höwürtgeleýän ýeri durnukly. Gaýalaryň ýarçyklarynda we köweklerinde toplum ýa-da aýratyn jübüt bolup höwürtgeleýär. 3-6 sany goňur we ýaşylymtyl-çal menekli, agymtyl-ýaşyl ýumurtgalary goýýar. Mör - möjekler, gurçuklar we ösümlikleriň tohumlary bilen iýmitlenýär.

Statusy: umuman az sanly, daglaryň käbir ýerlerinde adaty guş.

горных и предгорных районах, местами в Бадхызе и Карабиле.

Образ жизни: оседлая птица. Придерживается скалистых участков гор и обрывов, может вылетать и на прилежащие равнины. Обычно собираются в стаи, но встречаются одиночные птицы и пары. Места гнездования постоянны. Гнездятся колониями или отдельными парами в расщелинах и выбоинах скал. В кладке 3-6 яиц. Окраска яиц бело-вато-зеленая с многочисленными пятнами бурого и фиолетово-серого цвета. Питаются насекомыми, червями и семенами.

Статус: в целом немногочисленная, местами в горах обычная птица.

---

**276.** *Bellik*: Merkezi Köpetdagda dürli döwürlerde tötänden uçup gelýän **alp zakyja gargasy - *Pyrrhocorax graculus*** (1884, 1892, 1986 ýý.) hasaba alyndy. Bu guş gara zaga meňzeş bolup, ýöne ondan guýrugynyň uzynlygy we çüňküniň sarylygy bilen tapawutlanýar.

**276.** *Примечание*: В Центральном Копетдаге может спорадически встречаться **альпийская галка** - ***Pyrrhocorax graculus*** залеты которой отмечались в 1884 г., 1892 г. и 1986 г. Похожа на клушицу, но отличается более длинным хвостом и желтым клювом.

### 277. Zakyja garga – *Corvus monedula* – Галка

Meýdan alamatlary: gargadan kiçi. Maňlaý bölegi, çüňküniň düýbi, bokurdagy, ganatlary we guýrugy gögümtil-gyzgylt öwüşginli gara reňkli. Kellesiniň üsti we boýnynyň gapdallary çal. **Boýnunyň gapdallaryndaky agymtyl tegmiller goşuluşyp, "ýarymboýnbag" emele getirýär. Döşi we garyn tarapy goňur öwüşginli çal.** Çüňki we aýaklary gara, gözi **mawumtyl-ak.** Ýaş guşlar edil ýaşy ýeten guşlar ýaly reňkde, ýöne goňurrak öwüşginli. Sesi – "ke-ke-ke" ýa-da "kýak-kýak". Ganaty – 210-250 mm, agramy - 200-225 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: ölçegleriniň maýdadygy we gözleriniň agymtyldygy bilen tapawutlanýar. Boýnunyň gapdallary we ýeňsesi çal.

Ýaýraýn ýerleri: Ýewraziýanyň, demirgazyk we günorta çetki welaýatlaryndan başgalarynda. Türkmenistanyň hemme ýerinde, ýöne daglyklara ýakyn çekilýär. Uly we Kiçi Balkan, Köpetdag, Bathyz, Garabil, Köýtendag, şeýle-de Amyderýanyň, Murgap, Guşgy, Tejen, Sumbar, Çendir, Etrek derýalarynyň jülgelerinde, Günbatar Uzboýda duşýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän, höwürtgeleýän guş, bir bölegi oturymly ýaşaýar. Daglaryň uçutly we gum gaýaly ýerlerinde, derýalaryň jülgelerinde we oazislerde ýaşaýar. Ekinçi we gara gargalar bilen bilelikde gyşyna göçüp-gonma hereketlerine gatnaşmaklary mümkin. Aprelde höwürtgeleýär. Köp ýaşan agaçlaryň köweklerinde, gum gaýaly kenarlarda, dag derelerinde topar bolup höwürtgeleýär. 5-6 sany ýaşylymtyl-goňur mawymtyl-çal nokatlanan we menekli ýaşylymtyl-gök ýumurtgalary goýýar. Aprelde jüýjeleýär. Mör-möjekler – garynjalar, aýryhatjalar, ädiktikerler, çekirtgeler, jyzlanlar bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sanly, käbir ýerlerde adaty, bölekleýin ýaýran guş.

Полевые признаки: мельче вороны. Лобная часть, основание клюва, горло, крылья и хвост черные с синевато-пурпурным отливом. Верх головы и бока шеи серые. **На боках шеи беловатые пятна почти слиты и образуют «полуошейник». Грудь и брюшная сторона серая с буроватым оттенком**. Клюв и ноги черные, **глаза – голубовато-белые**. Молодые птицы окрашены как взрослые, но с буроватым налетом. Голос – «кэ-кэ-кэ» или «кьяк-кьяк». Крыло – 210-250 мм, вес – 200-225 г.

Сходства – отличия: отличается мелкими размерами и светлыми глазами. Бока и задняя сторона шеи серые.

Распространение: вся Евразия, кроме крайних областей севера и юга. В Туркменистане повсеместно, но тяготеет к горным районам – Большим и Малым Балханам, Копетдагу, Бадхызу, Карабилю, Койтендагу, а также встречается по долинам Амударьи, Мургаба, Кушки, Теджена, Сумбара, Чендыра, Этрека, на Западном Узбое.

Образ жизни: гнездящаяся птица, часть особей оседла. Обитает на скалистых и лессовых обрывах в горах, речных долинах и оазисах. Зимой могут предпринимать кочевки вместе с грачами и воронами. Гнездятся в апреле. Гнездование колониями в дуплах старых деревьев, в береговых обрывах, по горным ущельям. Кладка 5-6 яиц, зеленовато-голубого цвета с зеленовато-бурыми и лилово-серыми точками и пятнами. Птенцы – в апреле. Питаются насекомыми – муравьями, уховертками, долгоносиками, саранчовыми, цикадами.

Статус: немногочисленная, местами обычная, неравномерно распространенная птица.

### 278. Ekinçi garga – *Corvus frugilegus* – Грач

Meýdan alamatlary: garga ölçegde, bedeni gelşikli. **Çüňki süýnmek, gönelip inçelen çowly uçly. Tegelenen guýrukly.** Ýelek örtügi dykyz, ganatlary we guýrugy ýaşylymtylrak,

Полевые признаки: размером с ворону, но более стройный. Клюв вытянутый, тонкий, прямой и заостренный. Хвост закруглен. Оперение плотное черное с металли-

bedeniniň galan bölegi gögümtil, metal ýalpyldyly gara. **Ýaşy ýeten guşlaryň çüňküniň düýbi, kellesiniň öňki bölegi we alkymasty ýalaňaç.** Çüňki we aýaklary gara. Ýaş guşlaryň metal öwüşgini öçügsi, ýelekleri ýumşak we kellesi tutuşlygyna ýelek örtükli. Sesi boguk – "kraa". Ganaty – 287-350 mm, agramy – 313-490 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: beden gurluşynyň has gelşiklidigi bilen beýleki gargalardan tapawutlanýar. Çüňküniň töwereginiň derisi ýaşy ýeten guşlarda ýalaňaç, kirliräk-ak reňkli.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi giň we tutuş Ýewropanyň, günorta - günbatar we demirgazyk çäklerinden başga ýerlerini, Aziýanyň, günorta we demirgazyk - gündogar böleginden galanlaryny öz içine alýar. Türkmenistanda oazisleriň hemme ýerlerinde we derýalaryň jülgelerinde, Köpetdagyň eteklerinde, uçup geçýän döwrinde çölde hem gabat gelýär. Günbatar we Günorta Ýewropada, Kiçi, Alynky¸Orta we Günorta - Gündogar Aziýada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän, gyşlaýan, Amyderýanyň aşaky akymynda oturymly ýaşaýan guş. Ýazky migrasiýasy – martda, güýzkisi – oktýabrda. Türkmenistanyň hemme ýerlerinde gyşlaýar we üstünden uçup geçýär, ýöne yurduň diňe demirgazyk-gündogarynda höwürtgeleýär. Süri bolup gezýär. Aprelde baglarda we tokaý-gorag zolaklarynda topar bolup höwürtgeleýär. 5-6 sany goňur menekli, ýaşylymtyl-mawy reňkli ýumurtgalary goýýar. Maýda

ческим блеском, зеленоватое на крыльях и хвосте, фиолетовое на остальных частях тела. **У взрослых птиц основание клюва, передняя часть головы и подбородок голые**. Клюв и ноги черные. У молодых птиц оперение рыхлое, металлический отлив слабее и вся голова оперена. Голос – хриплое «краа». Крыло – 287-350 мм, вес – 313-490 г.

Сходства – отличия: от других врановых отличается более стройным телосложением. У взрослых птиц вокруг клюва голая кожа грязно-белого цвета.

Распространение: гнездовая часть ареала широка и охватывает Европу, кроме юго-запада и севера, и Азию, кроме южных и северо-восточных ее частей. В Туркменистане – всюду в оазисах и по долинам рек, в предгорьях Копетдага, на пролете попадается и в пустыне. Зимовки в Западной и Южной Европе, Малой, Передней, Средней и Юго-Восточной Азии.

Образ жизни: пролетная, зимующая, в низовьях Амударьи оседлая птица. Весенняя миграция – в марте, осенняя – в октябре. Пролетает и зимует по всему Туркменистану, но гнездится только на северо-востоке страны. Стайная птица. Гнездится в апреле, колониями, в садах и полезащитных полосах. В кладке 5-6 яиц зеленовато-голубого цвета с бурыми крапинами. Птенцы – в мае. На пролетах и зимовках могут собираться в многотысячные стаи, обычно на полях и в окрестностях населенных пунктов, в том числе на местах ночевки в



jüýjeleýär. Uçup geçende we gyşlanda müňläp sürä toplanmagy mümkin, adatça, ekerançylykda we obalaryň töwereginde, şeýle-de seýilgählerde gijesine ýatmaga toplanýarlar. Mörmöjekler (çekirtge, ädiktikenler, maý tomzagy, tomzak, buzaw), syçanşekilli gemrijiler we beýleki maýda oňurgalylar, şeýle-de ýabany ösümlikleriň we oba-hojalyk däneli ekileriň ýere gaçan tohumlary bilen iýmitlenýär.

Statusy: güýz-gyş döwründe köpsanly, käbir ýerlerde örän köpsanly, höwürtgelände (Amyderýanyň aşaky akymy) adaty guş.

парках и скверах. Питаются насекомыми (саранчовыми, долгоносиками, хрущами, жуками, медведками), мышевидными грызунами и другими мелкими позвоночными, а также семенами диких растений и опавшими зернами сельскохозяйственных культур.

Статус: в осенне-зимний период многочисленная, местами очень многочисленная птица, на гнездовье (в низовьях Амударьи) обычная.

### 279. Gara garga – *Corvus corone* – Чёрная ворона

Meýdan alamatlary: ala garga ölçeginde. **Ýelek örtügi tutuşlygyna gara, kellesi, boýny, arkasy, böwürleri, ganatlary we guýrugy gowşak gögümtil - ýaşyl - gök öwüşginli.** Çüňki we aýaklary gara. Ýaş guşlar ýalpyldysyz, tutuk-gara reňkli. Sesi basygrak – "karr-karr". Ganaty – 310-375, çüňki – 37-45 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: Kellesi we boýny ýaşy ýeten guşlaryň ýaşylymtyl öwüşginli. Ölçeginiň maýdadygy we çüňküniň inçedigi bilen çöl, aýratyn-da, uly gara gargadan tapawutlanýar. Uzak aralykdan ýaş ekinçi gargadan tapawutlandyrmak kyn.

Ýaýran ýerleri: arealy bölekleýin Günbatar, Günorta-Günbatar Ýewropa we Aziýa, Aral deňzinden gündogara Kamçatka çenli. Türkmenistanda uly derýalaryň jülgelerinde we Köýtendagda.

Ýaşaýşy: oturymly we göçüp-go-

Полевые признаки: размером с серую ворону. **Все оперение черное со слабым сине-фиолетовым отливом на голове, шее, спине, боках, крыльях и хвосте**. Клюв и ноги черные. Молодые птицы матово-черного оттенка, без блеска. Голос – хриплое «карр-карр». Крыло – 310-375, клюв – 37-45 мм.

Сходства – отличия: у взрослых птиц голова и шея с фиолетовым отливом. От молодого грача на расстоянии почти неотличима. От пустынного и, тем более, европейского ворона отличается мелким размером и менее массивным клювом.

Распространение: ареал разорван – в Западной, Юго-Западной Европе и в Азии – от Аральского моря на восток до Камчатки. В Туркменистане – по долинам крупных рек и в Койтендаге.

Образ жизни: оседлая и ко-

nup gezýän guş. Jeňňelliklerde we oba hojalyk landşaftlarynda ýaşaýar. Ýekelikde, jübüt we süri bolup gezýär. Aprelde höwürtgeleýär. Agaçlaryň, seýrek jeňňel gyrymsylarynyň, gyrymsy agaçlaryň üstünde höwürtge gurýar. 5-e çenly goňur menejiklije, mawymtyl-ýaşyl reňkli ýumurtgalary goýýar. Maý aýynda – jüýjeleýär. Dürli mör-möjekler, maýda gemrijiler we ösümlikleriň tohumlary bilen iýmitlenýär.

Statusy: bizde az sanly, çäkli ýaýran, guş.

чующая птица. Обитает в тугаях и сельскохозяйственном ландшафте. Держится в одиночку, парами и стаями. Гнездится в апреле. Гнезда на деревьях, реже в тугайных зарослях и кустарниках. В кладке до 5 яиц, голубовато-зеленого цвета с бурыми пятнышками. Птенцы – в мае. Питаются различными насекомыми, мелкими грызунами и семенами.

Статус: у нас немногочисленная птица с ограниченным распространением.

### 280. Ala garga – *Corvus cornix* – Серая ворона

Meýdan alamatlary: ekinçi gargadan ulurak, uly gara gargadan kiçi. **Kellesi, bokurdagy, petekesiniň ýokarky bölegi, ganatlary we guýrugy gara, ýelek örtüginiň galany külreňk-çal.** Ganatlary we guýrugy ýaşyl öwüşginli. Çüňki we aýaklary gara. Ýaş guşlaryň reňki ýalpyldysyz, tutuk-gara. Sesi basyk – "karr-karr". Ganaty – 292-340, çüňki – 31-37 mm, agramy – 460-580 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: arkasynyň, döşüniň we garnynyň çaldygy bilen gara gargadan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: tutuş Ýewropanyň, günorta - günbatar böleginden başgalarynda we Aziýanyň, günorta we günorta - gündogar böleginden başgalarynda. Türkmenistanyň hemme ýerinde, ýöne dagöňüne we derýalaryň jülgelerine ýakyn çekilýär.

Ýaşaýşy: bizde uçup geçýän-gyşlaýan, az-owlak oturymly ýaşaýan guş. Ýazky migrasiýasy – martda, güýzkisi – oktýabrda. Dagda, oturymly ýaşaýan ýerinde, dag eteklerinde we derýalaryň jülgelerinde höwürtgeleýär. Şäher we beýleki ilatly ýerlerde mekan tutýar. Höwürtgeleýän döwründe jübüt, galan wagty süri bolup gezýär. Aprelde, beýik ösen agaçlaryň üstünde höwürtgeleýär. 5 sany goňur meneklije, mawymtyl-ýaşyl reňkli ýumurtgalary goýýar. Maý aýynda jüýjeleýär. Iýmite dannowsyz, ýöne haýwan iýmitini halaýar, dürli mör-möjekleri, yabany we öý guşlarynyň (kepderileriň) ýumurtgalaryny, jüýjelerini, maslyklary çokýar. Gumrylaryň we beýleki açyk höwürtgeli guşlaryň ýumurgalaryny talamagy mümkin.

Statusy: höwürtgeleýän döwründe az sanly, dag eteklerinde käbir ýerlerinde, güýz-gyş döwründe adaty guş, ýöne sany boýunça ekinçi gargagan has az. Tanalýan we adamyň töwereginde ýaşamaga oňat uýgunlaşan guş.

Полевые признаки: чуть крупнее грача, но мельче ворона. **Голова, горло, верхняя часть зоба, крылья и хвост – черные, остальное оперение пепельно-серое**. Крылья и хвост с фиолетовым отливом. Клюв и ноги черные. У молодых птиц окраска матово-черная, без блеска. Голос – всем знаком – хриплое «карр-карр». Крыло – 292-340, клюв – 31-37 мм, вес – 460-580 г.

Сходства – отличия: в отличие от черной вороны спина, грудь и брюхо серые.

Распространение: вся Европа, кроме юго-западных частей, и вся Азия, кроме южных и юго-восточных частей. В Туркменистане – повсеместно, но тяготеет к предгорьям и речным долинам.

Образ жизни: у нас пролетная, зимующая, частично оседлая птица. Весенняя миграция – в марте, осенняя – в октябре. Гнездится в горах, где оседла, и предгорьях, и речных долинах. Охотно селится в городах и других населенных пунктах. В гнездовой сезон держатся парами, в остальное время стаями. Гнезда – в апреле, на высоких деревьях. В кладке обычно 5 яиц. Окраска голубовато-зеленая с бурыми пятнами. Птенцы – в мае. Всеядны, однако, предпочитают животную пищу – различных насекомых, яйца и птенцов диких и домашних птиц (голубей), реже падаль. Может разорять гнезда горлиц и других открыто гнездящихся птиц.

Статус: в гнездовое время немногочисленный, местами в предгорьях обычный вид; в осенне-зимнее время обычная птица, сильно уступающая по численности грачу. Заметная птица, хорошо приспосабливается к жизни рядом с человеком.

### 281. Çöl gargasy – *Corvus ruficollis* – Пустынный ворон

Meýdan alamatlary: uly garga çalymdaş, ýöne mese-mälim kiçi. Ganatlary uzyn we başgalara garanyňda çowly uçly, ýelek örtügi gaty we dýkyz. Guýrugy pahnaşekilli. **Bedeni polat öwüşginli we melemtil-goňur, gara reňkli.** Çüňki we aýaklary gara. Ýaş guşlaryň reňki goňurrak-gara. Sesi basyk – "kruk-kruk" we gagyldyly "kaarr". Uçuşy gyradeň we göni. Ganaty – 385-435, çüňki – 39-46 mm, agramy – 440–600 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: **kellesiniň, boýnunyň, petekesiniň we bedeniniň aşaky tarapynyň ýelek örtügine melemtl-goňur öwüşginli gara reňk häsiýetli.** Pahnaşekilli guýrugy edil uly garganyňky ýaly, ýöne ondan ölçegleri maýda.

Ýaýran ýerleri: Palearktikanyň

Полевые признаки: похож на европейского ворона, но заметно мельче. Крылья длинные и относительно острые, оперение жесткое и плотное. **Хвост клиновидный. Окраска черная со стальным отливом и шоколадным оттенком**. Клюв и ноги черные. У молодых птиц окраска буровато-черная. Голос – глухое «крук-крук» и каркающее «каарр». Полет ровный и прямой. Крыло – 385-435, клюв – 39-46 мм, вес – 440-600 г.

Сходства – отличия: характерный шоколадно-коричневый оттенок черного оперения на голове, шее, зобе и нижней стороне тела. Хвост клиновидный как и у европейского ворона, но размеры мельче.

günbatar ýarymy we çöllük-sähra guşaklygynyň merkezi bölegi, Sahara we Arabystan, Gündogar Eýran, Owganystan. Türkmenistanda düzlüklerde, Hazarýakasynda, Garagumda, Sarygamyş çöketliginde, Bathyzda, Garabilde, Amyderýanyň we Garagum derýasynyň jülgeleriniň käbir ýerlerinde.

Ýaşaýşy: oturymly guş. Selçeň gyrymsyly, şeýle-de sazak tokaýly çöllüklerde ýaşaýar. Aprel-maýda höwürtgeleýär. Höwürtgesini gara sazagyň şahasynyň ýabalanan ýerinde ýa-da depesinde, uly gyrymsylarda, käte tok simleriň agaç sütünleriniň üstinde gurýar. 3-6 sany goňur meneklije, mawumtyl-ýaşyl reňkli ýumurtgalary goýýar, ölçegleri - 38.5-49.2 x 29-32 mm. Maý-iýunda jüýjeleýär. Tomazaklar, çekirtgeler, gemrijiler – sýçanlar, ýalmanlar, alakalar, seýrek hažžyklar we maslyk, şeýle-de ösümlik galyndylary bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sanly, bölekleýin, ýöne giň ýaýran görnüş.

Распространение: западная половина и центральная часть пустынно-степного пояса Палеарктики, Сахара и Аравия, Восточный Иран, Афганистан. В Туркменистане – широко на равнинах – в Прикаспии, Каракумах, Сарыкамышской впадине, Бадхызе, Карабиле, местами по долинам Амударьи и Каракумдарьи.

Образ жизни: оседлая птица. Обитает в открытых участках пустынь с разреженной растительностью, а также в саксаульниках. Гнездится в апреле-мае. Гнездо на развилке или на вершине черного саксаула и крупных кустарников, иногда и на столбах. В кладке 3-6 яиц. Окраска голубовато-зеленого цвета с бурыми крапинами. Размеры яиц – 38.5-49.2 x 29-32 мм. Птенцы – в мае-июне. Питаются жуками, саранчой, грызунами – песчанками, тушканчиками, сусликами, реже ящерицами и падалью, а также растительным кормом.

Статус: немногочисленный вид, распространен широко, но неравномерно.

### 282. Uly garga – *Corvus corax* – Обыкновенный ворон

Meýdan alamatlary: gara gargadan has uly. **Uzyn ganatly we äpet çüňkli uly guş.** Bedeniniň üstki tarapy gögümtil, aşak tarapy ýaşylymtyl metal öwüşginli, **gara ýelek örtükli. Boýnunyň ýeňsesi goňurrak.** Çüňki we aýaklary gara. Ýaş guşlar metal ýalpyldysyz, tutuk-gara reňkli. **Pahnaşekilli guýrugynyň uzyndygy** uçýan mahaly gowy görünýär. Sesi güýçli – "krukk-krukk" ýa-da basyk "kro-kro". Ýerde egnine basyp çaýkanyp ýöreýär, gyradeň, göni, ýygy-ýygydan gaýyp, tegelek aýlaw edip uçýar. Ganaty – 375-515 mm, agramy – 500-650 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: ölçegleriniň we uzyn ganatlarynyň uludygy, çüňküniň daýawdygy we mese-mälim **"sakgaly"** bilen tapawutlanýar. Guýrugy pahnaşekilli.

Ýaýran ýerleri: giň. Tutuş Ýewraziýanyň, çöllük, günorta we günorta-gündogar çäklerinden başgalarynda, Demirgazyk Afrika we Demirgazyk Amerika. Türkmenistanda – hemme daglyk ýerlerde, şeýle-de Bathyzda, Garabilde.

Ýaşaýşy: oturymly we göçüp-gonup ýaşaýan guş. Dag landşaftynda we dag eteklerinde ýaşaýar. Ýekelikde, jübüt, seýrek uly bolmadyk topar bolup gezýär. Mart-aprelde höwürtgeleýär. Höwürtgesi dag we gum gaýalarynda, agaçlaryň üstünde. 4-6 sany goňur meneklenen, ýaşylymtyl-mawy reňkli ýumurtgalary goýýar. Maý aýynda jüýjeleýär. Iýmite parhsyz. Iýmitinde esasy orny gemrijiler – polýowkalar, meýdan syçanlary, köralakalar, syçanlar, kirpiler, şeýle-de maýda guşlary tutýar, maslyk, zir-zibiller, ösümlik bilen iýmitlenýär.

Ştatusy: az sanly, oňat tanalýan guş.

Полевые признаки: значительно больше вороны. **Крупная птица с длинными крыльями и крупным клювом. Оперение черное** с металлическим блеском – фиолетовым на верхней стороне тела, зеленоватым на нижней стороне. **Задняя сторона шеи буроватая**. Клюв и ноги черные. Молодые матово-черные, без металлического блеска. В полете заметен **длинный клиновидный хвост**. Голос – громкое «крукк-крукк» или глухое «кро-кро». Ходит переваливаясь, полет ровный, прямой, часто парит, описывая круги. Крыло – 375-515 мм, вес – 500-650 г.

Сходства – отличия: отличается размерами и большими длинными крыльями, мощным клювом и заметной **«бородой»**. Хвост – клиновидный.

Распространение: широкое – почти вся Евразия, за исключением пустынь, южных и юго-восточных областей, Северная Африка и Северная Америка. В Туркменистане – все горные районы, а также Бадхыз и Карабиль.

Образ жизни: оседлая и кочующая птица. Обитает в горном ландшафте и на предгорных равнинах. Держится в одиночку, парами, небольшими группами. Гнездится в марте-апреле. Гнезда – на скалах, земляных обрывах, на деревьях. В кладке 4-6 яиц. Окраска зеленовато-голубая с бурыми крапинами. Птенцы – в мае. Ворон – всеядная птица. Важное место в питании занимают грызуны – полевки, песчанки, слепушонки, мыши, ежи, а также мелкие птицы, падаль, отбросы человека, растительные корма.

Статус: хорошо заметная, но немногочисленная птица.

## Sykylykçylar – *Bombycillidae* – Свиристелевые

Sar ölçegindäki, has dykyz beden gurluşly, kiçiräk guşlar. Ýelek örtügi gür, ýumşakdan ýüpeksypat, kellesinde hüpügi bolýar. Kiçiräk, ýöne güýçli çüňkli we başgalara garanyňda, uly agyz kesimi inli, ujy biraz egmek bolup, üstki çüňküniň ujy kiçiräk dişlije. Ganatlary gysga, ýöne çowly uçly.

Небольшие птицы, размером со скворца, но более плотного телосложения. Оперение густое, мягкое шелковистое, на голове хохол. Клюв небольшой, но сильный и довольно широкий, с большим разрезом рта, несколько загибающийся на конце, с небольшим зубчиком у

Aýaklary gysga, berdaşly. Höwürtgesini agaçlarda ýa-da gyrymsylarda gurýar. Iýmiti ösümlikleriň şireli miweleri we ýumşak tohumlary, şeýle-de mör-möjekler, guşlar edil siňekçiler ýaly, guran şahadan ýa-da agajyň depesinden uçup, olary tutýarlar. Höwürtgelemeýän döwründe süri bolup gezýär. Dünýäde 4 görnüş, şolardan Türkmenistanda 2-sykylykçy we toganpisint sykylykçy gabat gelýär. Sykylykçynyň guýrugy göni kesilen we gysga, ganatlary insiz, toganpisintli sykylykçynyňky uçanda bedeni süýnmek bolup, guýrugynyň uzyndygy sebäpli, ganatlary bedenine sazlaşyksyz ýaly bolup görünýär.

вершины надклювья. Крылья относительно короткие, но острые. Ноги короткие, крепкие. Гнезда строят на деревьях или кустарниках. Пища – всевозможные ягоды и мягкие мелкие плоды, а также насекомые, которых ловят, как мухоловки, взлетая с сухой ветви или вершины дерева. Вне времени гнездования держатся стаями. В мире 4 вида, из которых в Туркменистане встречается 2 – свиристель и свиристелевый сорокопут. У свиристеля хвост прямо срезанный, короткий, крылья узкие. У свиристелевого сорокопута вытянутое при полете тело, причем крылья кажутся непропорционально маленькими из-за длинного хвоста.

## 283. Sykylykçy – *Bombycilla garrulus* – Свиристель

Meýdan alamatlary: sar ölçeginde. Oklaw görnüşli, dykyz bedenli, gysga guýrukly, ganatlary başgalara görä, uzyn hem insiz. **Kellesinde uly hüpügi bolýar.** Umumy reňki gülgüne-çal, **ganatlary ak we sary kese zolakly, goýy goňur. Bokurdagy we gözünden geçýän zolak gara**, guýrugynyň aşagy we maňlaýy goňurrak. **Guýrugynyň ujy sary kese zolakly.** Mäkiýanlary hüpüginiň kiçi ölçegi bilen tapawutlanýar. Çüňki gara, başgalara garanda, gysga we inli. Aýaklary gara, berdaşly we dyrnaklary egmek. Sesi ýakymly owazly, pessaýja sykylyklanma – "swiriri-swiriri". Ganaty – 107-119 mm, agramy – 60 g golaý.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: oklawşekilli bedeniniň has dykyzdygy, guýrugynyň gysga we onuň ujyndaky sary zolagy bilen toganpisintli, sykylykçydan tarawutlanýar.

Полевые признаки: размером со скворца. Тело плотное, вальковатое, хвост короткий, а крылья сравнительно длинные и узкие. **На голове большой хохол**. Общий тон окраски розово-серый, **крылья темно-бурые с поперечными белыми и желтыми полосками. Горло и полоска через глаз – черные**, подхвостье и лоб – коричневые. **На конце хвоста – поперечная желтая полоса**. Самки отличаются маленькими размерами хохла. Клюв черный, сравнительно короткий, широкий. Ноги черные, сильные, с загнутыми когтями. Голос – негромкое свиристение, приятная трель – «свирири-свирири». Крыло – 107-119 мм, вес – около 60 г.

Сходства – отличия: от свиристелевого сорокопута отличается более плотным вальковатым телом, коротким хвостом и желтой поло-



Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi, Ýewraziýanyň we Demirgazyk Amerikanyň taýga zolagy. Demirgazyk Amerikanyň günorta çäklerinde, Merkezi we Gündogar Ýewropada, Gazagystanda, Orta we Merkezi Aziýada gyşlaýar. Türkmenistanda güýz-gyş göçüp-gonýan döwründe hemme ýerlerde, ýöne köplenç jülgelerde we oazislerde duşýar.

Ýaşaýşy: göçüp-gonýan we gyşlaýan guş. Adatça, noýabryň soňunda, dekabrda bize uçup gelýär we olaryň aprele, hatda maýyň ortasyna çenli galmaklary mümkin. Göçüp-gonýan dowründe süri bolup gezýär. Esasy iýmiti – ösümlikleriň miweleri we tohumlary.

Statusy: ol ýa-da beýeki ýerlerde miweli baglaryň hasyllylygy guşlaryň göçüp-gonma ýagdaýny kesgitleýär, şonuň üçin olar bir ýyl bizde az sanly, hatda seýrek, beýleki ýyllarda adaty bolmagy mümkin.

сой на конце хвоста.

Распространение: гнездовая часть ареала – таежная зона Евразии и Северной Америки. Зимуют в южных областях Северной Америки, Центральной и Восточной Европе, Казахстане, Средней и Центральной Азии. В Туркменистане повсеместно на осенне-зимних кочевках, но больше в долинах и оазисах.

Образ жизни: кочующая и зимующая птица. У нас обычно появляются в конце ноября, в декабре и могут оставаться до апреля, даже до середины мая. Во время кочевок держатся стаями. Основной корм – ягоды и плоды.

Статус: размах кочевок зависит от урожая ягод в тех или иных областях, поэтому в одни годы он может быть у нас немногочисленным и даже редким видом, в другие – обычным.

## 284. Toganpisintli sykylykçy – *Hypocolius ampelinus* – Сорокопутовый свиристель

Meýdan alamatlary: bedeni süýnmek şekilli bolup, guýrugynyň uzyndygy sebäpli, ganatlary bedenine sazlaşyksyz kiçi ýaly bolup görünýär. Üstki tarapynyň reňki goňurrak-çal, aşagy gülgüne-çyparrak, **guýrugynyň ujy gara**, ýaşy ýeten guşlaryň ganatlarynyň ujy ak. Horazynda **çüňkünden başlap, gözüniň üstünden ýeňsesine geçýän inli gara zolak kellesini gurşaýar.** Guşlar kellesindäki hüpük görnüşli ýeleklerini ýygy-ýygydan galdyrýarlar. Horazlarynyň guýrugyndaky gara zolak we ganatlarynyň ujundaky ýagty ak teg-

Полевые признаки: форма тела вытянутая, причем крылья кажутся непропорционально маленькими из-за длинного хвоста. Окраска верха буровато-серая, низ розовато-палевый, **конец хвоста черный**, у взрослых птиц концы крыльев белые. У самца **от клюва через глаз и затылок – опоясывающая голову черная широкая полоса**. Птица часто поднимает оперение на голове в виде хохла. При взлете хорошо заметна черная полоса на хвосте, яркие белые пятна на концах крыльев у самцов.

Сходства – отличия: внешним

milleri uçýan mahaly anyk görünýär.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: daşky keşbi boýunça gara maňlaýly togany ýatladýar, uzyn guýrugynyň ujundaky gara zolagy bilen sykylykçydan tarawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Arabystan, Alynky Aziýa we Orta Aziýanyň günorta çetleri. Türkmenistanda Tejen (Gaňňalydan ýokarda), Guşgy we Murgap (Saryýazydan ýokarda) derýalaryň jülgeleri.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän guş. Derýa yakasyndaky jeňňelligi (ýylgyn, gamyş, gyzgan) halaýar. Höwürtgeleýän döwri maýyň birinji ongünlüginden iýunyň aýagyna çenli. Höwürtgesi okaraşekilli. 5 sany arassa agymtyl-goňurrak-çal reňkli maýdajyk menekli ýumurtgalary goýýar, ölçegleri – 23.0-27.5 x 17.7-19.7 mm. Miweler (esasan gyzganyň) az mukdarda – mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: seýrek, çäkli ýaýran, Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen guş.

обликом напоминает чернолобого сорокопута, а от свиристеля отличатся длинным хвостом с черной полосой на конце.

Распространение: Аравия, Передняя и крайний юг Средней Азии. В Туркменистане – в долинах Теджена (выше Ганналы), Кушки и Мургаба (выше Сарыязы).

Образ жизни: прилетает, гнездится птица. Предпочитает приречные тугайные заросли (тамарикс, тростник, дереза). Гнездовой период – с первой декады мая до конца июня. Гнездо чашеобразной формы. В полной кладке 5 яиц окраски от чисто белой до пятнистой с мелкими бледно-буровато-серыми крапинками. Размеры яиц – 23-27.5 x 17.7-19.7 мм. Питаются ягодами (в основном дерезы), в меньшей степени насекомыми.

Статус: редкая птица с ограниченным распространением, внесена в Красную книгу Туркменистана.

### Olýapkalar – *Cinclidae* – Оляпковые

Uly bolmadyk maşgala degişli sar ölçegli, gür we dykyz ýelekli guş (bary 5 görnüş). Guýrugy kelte we ganatlary gysga tegelenen. Dag derýajyklarynyň dury suwly, düýbi daşly ýerlerinde duş gelýär. Oňurgasyzlary gös-göni suwdan ýa-da onuň gyralaryndan tutup iýmitlenýär.

Biziň awifaunamyzda bir görnüş – **adaty olýapka – *Cinclus cinclus*** (ser. sur. **285**) duş gelýär. Ol ak bokurdagy, petekesi, döşi bilen aňsat tanalýar. Galan ýelek örtügi goňur (boz). Dag derýajyklarynyň kenarlarynda görmek bolýar. Ol özüni alyp baryş häsiýetleri bilen tapawutlanýar: suwda gowy çümüp, düýbinde ýöreýär. Bizde tötänden uçup gelýän görnüş hökmünde Merkezi Köpetdagda ýekeje gezek görüldi (1986 ý., dekabr).

Небольшое семейство птиц (всего 5 видов) размером со скворца, с плотным телосложением и густым оперением. Короткий хвост и укроченные округлые крылья. Горные птицы, живут по мелким речкам на участках с прозрачной водой и каменистым дном. Питаются мелкими беспозвоночными, которых ловят непосредственно в воде или у кромки берега.

В нашей фауне один вид - **обыкновенная оляпка - *Cinclus cinclus*** (см. рис. **285**). Легко узнается по белому горлу, зобу и груди остальное оперение белое. Может встретиться только на берегу горной речки, хорошо ныряет и ходит по дну, целиком погружаясь в воду. У нас - залетный вид, известен единственный случай (декабрь 1986 г.) встречи в Центральном Копетдаге.



### Çitçitiler – *Troglodytidae* – Крапивники

Maýda guşlar maşgalasy. Ýelek örtügi gür we ýumşak. Ganatlary inli we tegelenen. Guýrugy gysga. Çüňki inçe we göni. Çitçitileriň aýaklary ýaşamaga amatly bolan ýerlere – gyrymsylara we ýel ýykan agaçlara dyrmaşmaklary üçin uýgunlaşandyr. Bolşuna görä çalt, ýöne duňe göni ugra, adatça, ýere ýakyn, gysga aralyga uçýar. Tokaý gyrymsylarynyň, ýel ýykan agaçlarda, käte seýrek gyrymsyly dag gaýalarynyň aralarynda ýaşamaklary üçin uýgunlaşandyr. Höwürtgeleri ýapyk ýerde, uly, girelgesi gapdalynda. Guşlar oturymly we göçüp-gonup ýaşaýarlar. Mör-möjekler, möýler, käte ösümlikleriň däneleri bilen iýmitlenýärler. Dünýäde 60-dan gowrak, Türkmenistanda 1 görnüş.

Семейство мелких птиц. Оперение мягкое, густое. Крылья широкие, закругленные. Хвост короткий. Клюв тонкий, прямой. Ноги приспособлены для лазания в кустах и буреломе – характерных местах обитания крапивников. Летают довольно быстро, но только по прямой и на короткие расстояния, обычно низко над землей. Живут в подлеске, среди бурелома, иногда в горах среди скал с редким кустарником. Гнезда большие, закрытые, с боковым входом. Оседлые и кочующие птицы. Питаются насекомыми, пауками, иногда семенами. В мире более 60 видов, в Туркменистане – 1.

### 286. Çitçiti guşy – *Troglodytes troglodytes* – Крапивник

Meýdan alamatlary: serçeden has kiçi. Çakgan hereketli gysgajyk guýrugy ýokaryk galyp duran maýda guşjagaz. Gözüniň üsti ýagty gaşly, duluklary agymtyl menekli. Çüňki göni, inçe we keltejik ganatlary tegelenen. Bedeniniň üstki tarapynyň, ganatlarynyň we guýrugynyň reňki garamtyl kese nagyşlanan goňras-goňur. Aşaky tarapy edil şonuň ýaly, ýöne nepis nagyşly çyparrak-

Полевые признаки: значительно меньше воробья. **Очень мелкая подвижная птичка с коротким вздернутым вверх хвостом**. Над глазом светлая бровь, на щеках беловатые пестрины. Клюв прямой, тонкий, крылья короткие, округлые. Окраска верхней стороны тела, крылья и хвост – каштаново-бурые с поперечным темным рисунком. Нижняя сторона рыже-

çal. Ýaş guşlar ulularyndan aşak tarapynyň gyradeň alabederdigi bilen tapawutlanýar. Aýaklary goňur. Sesi güýçli – “çerr-çerr”. Saýraýşy sesli owazlardan durýar. Bedeni – 95-120, ganaty – 45-56, ganatlarynyň gerimi – 115-170 mm.

<u>Meňzeşlikleri-tapawutlary</u>: ýokaryk galyp duran guýrugy gysga. Meňzeş görnüşleri ýok.

<u>Ýaýran ýerleri:</u> Günbatar Ýewropa, Demirgazyk-Günbatar Afrika, Kiçi we Alynky Aziýa, Demirgazyk Amerika. Orta Aziýada – daglyk ýerlerde. Türkmenistanda Uly Balkanda, Köpetdagda, Köýtendagda.

<u>Ýaşaýşy:</u> oturymly we göçüp-gonup ýaşaýan guş, dag derelerindäki gyrymsy agaçlyklarda saklanýar, suw basan çygly ýerlerde we gür jeňňellikleri halaýar. Ýekelikde ýa-da jübüt bolup, ýerde ýa-da gyrymsylarda gezýär. Höwürtgesi şarşekilli, gapdal girelgeli, adatça agaç kökleriniň ýa-da daş üýşmekleriniň aşagynda ýerleşýär. Maý-iýun aýlarynda 4-8 sany goňurrak-gyzyl meneklije, ak ýumurtgalary goýýar. Maýda oňurgasyzlar bilen iýmitlenýär.

<u>Statusy:</u> seýrek, käbir ýerlerde adaty guş.

вато-серая, с таким же, но более тонким рисунком. Молодые отличаются от взрослых равномерно испещренным низом. Ноги бурые. Голос – звонкое «черр-черр». Песня состоит из громких трелей. Тело – 95-120, крыло – 45-56, размах крыльев – 115-170 мм.

<u>Сходства – отличия</u>: короткий вздернутый кверху хвост. Сходных видов нет. Распространение: Западная Европа, Северо-Западная Африка, Малая и Передняя Азия, Северная Америка. В Средней Азии – горные районы. В Туркменистане – Большие Балханы, Копетдаг, Койтендаг.

<u>Образ жизни</u>: оседлая и кочующая птица, придерживается горных ущелий, предпочитает сырые промоины и поймы речек с густыми зарослями. Держатся в одиночку или парами на земле или кустах. Гнездо – шарообразное с боковым входом, помещается обычно под корнями или в кучах валежника. Кладка из 4-8 белых с буро-красными крапинками яиц, в мае-июне. Питается мелкими беспозвоночными

<u>Статус</u>: редкая, местами обычная птица.

### Owazçylar – *Prunellidae* – Завирушковые

Daşyndan maýda jokjoky guşlara meňzeş, kiçiräk saýrak guşlar maşgalasy. Tundra tokaýlygynyň, tokaýlaryň we beýik daglyklaryň ýaşaýjylary. Ýelek örtügi gür we gaty, reňki goňur reňkiň agdyklygynda öçügsi, käte çypar öwüşgin garyndyly. Adatça, mäkiýanlarynyň reňki horazlaryna meňzeş, ýaş guşlar alabeder bolýar. Ganatlary tegelenen, guýrugy göni ýa-da sähelçe oýuk. Çüňküniň düýbi giňelen, çüňküstüniň gerşi göni, birneme dykyzlaşan we tegelenen, ýiti däl. Olar köplenç ýerde ýa-da gyrymsylarda gezýändigi sebäpli, az göze ilýär. Höwürtgesini gyrymsylarda, käte beýik bolmadyk agaçlarda, hat-da ýerde we daşlaryň aşagynda (dagda) gurýar. 4-5 sany ýumurtga goýýar we iki hepdä golaý basyp oturýar; şonça wagtda höwürtgede jüýjeleri ösüp ýetişýär. Görnüşleriň köpüsi ýylda iki gezek ýumurtga basyp, jüýje çykarýarlar. Dürli oňurgasyzlary we ösümlikleriň tohumlaryny iýýärler, güýzüne bolsa miweleri çokýarlar. Demirgazyk çäklerde ýaşaýan görnüşleri uçup geçýär, günortada-daglarda ýaşaýanlary dikligine yzygiderli göçüp-gonmak hereketinde bolýar. Ýewropanyň we Aziýanyň, şeýle-de Demirgazyk Afrikanyň aram zolagynda jemi 12 görnüş ýaýran. Türkmenistanda 5 görnüş.

Семейство не крупных певчих птиц, внешне сходны с мелкими дроздами. Обитатели лесотундры, лесов и высокогорий. Оперение густое и жесткое, окраска неяркая, с преобладанием бурых, иногда примесью рыжих тонов. Самки и самцы обычно окрашены сходно, молодые птицы пестрые. Крылья закругленные, хвост прямой или слегка вырезанный. Конец надклювья несколько уплощен и закруглен, резкого гребня нет, вершина надклювья прямая, основание клюва расширено. Малозаметные птицы, которые держатся, преимущественно, на земле или в кустарниках. Гнезда устраивают в кустах, иногда невысоко на деревьях, а также на земле или под камнями (в горах). В кладке 4-5 яиц, насиживание около двух недель; примерно столько же времени птенцы находятся в гнезде. У многих видов две кладки в году. Питаются различными беспозвоночными и семенами растений, осенью охотно поедают ягоды. Виды, обитающие в северных районах, перелетные, тогда как обитающие на юге в горах совершают регулярные вертикальные кочевки. Всего 12 видов, распространенных в умеренной полосе Европы и Азии, а также Северной Африке. В Туркменистане – 4 вида.

### 287. Tokaý owazçysy – *Prunella modularis* – Лесная завирушка

<u>Meýdan alamatlary:</u> serçeden sähelçe maýda. Çalymtyl we goňurrak öçügsi reňkli. Kellesiniň üsti we boýnunyň ýeňsesi garamtyl, dik tegmilli goýy çal reňkli. **Arkasy dikligine gara çyzykly, çyparrak-goňur**, bili we guýrugynyň üsti ýaşylymtyl-goňur. **Bokurdagy, petekesi we döşi goýy çal, garnynyň ortasy we guýrugynyň aşagy kirliräk-ak.** Ganatlarynyň ýelekleri çyparrak inli jähekli, goýy-goňur reňkli. Ganatlarynda iki sany insiz kese ak zolagy bolýar. Çüňki garamtyl, inçe (tinňňillewüjekleriňki ýaly). Aýaklary kirliräk sary, dyrnaklary açyk gögümtil reňkli. Horazy saýraýan döwründe

<u>Полевые признаки</u>: размером чуть меньше воробья. Окрашена в тусклые сероватые и буроватые тона. Верх головы и шея сзади – темно-серые с черноватыми продольными пятнами. **Спина рыжевато-бурая с черными продольными штрихами**, поясница и надхвостье – зеленовато-бурые. **Горло, зоб и грудь темно-серые, а середина брюшка и подхвостье грязно-белые**. Крылья темно-бурые с широкими рыжеватыми окаймлениями перьев. На крыле две узкие поперечные белые полоски. Клюв тонкий (как у пеночек), темный. Ноги грязно-желтые, когти

ýygy-ýygydan gyrymsylaryň ýa-da agaçlaryň depesine çykýar. Ýerde towsup-towsup hereket edýär. Oturanda ganatlaryny çekişdirýär. Ganaty – 65-70, guýrugy – 55-61, söbügi – 19.4-21.4, çüňki – 7.2-8.6 mm, agramy – 19.5-25.1 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: ýelek örtüginiň reňkiniň has ýagty, çalymtyl-goňur öwüşgini bilen beýleki owazçylardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi, Ýewropanyň, Kawkazyň, Kiçi, Alynky we Demirgazyk-Günbatar Aziýanyň tokaýly ýerleri. Günbatar we Günorta Ýewropada, Zakawkazýede, Kiçi Aziýada we Alynky Aziýanyň käbir ýerlerinde we Ýakyn Gündogarda gyşlaýar. Türkmenistanyň diňe günorta-günbatarynda duşýar.

Ýaşaýşy: ýek-tük gyşlaýan guş, Sumbar we Etrek derýalarynyň jülgelerinde gabat gelmegi mümkin. Ýekelikde ýa-da kiçiräk süri bolup gezýär. Otjumak ösümlikleriň tohumlary we mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: seýrek, bizde gowşak öwrenilen guş.

светло-сизого цвета. Во время пения самец часто сидит на вершине куста или дерева. По земле передвигаются мелкими прыжками. Сидя передергивает крыльями. Крыло – 65-70, хвост – 55-61, цевка – 19.4-21.4, клюв – 7.2-8.6 мм, вес – 19.5-25.1 г.

Сходства – отличия: в отличие от других завирушек окраска оперения более светлая, серовато-буроватого тона.

Распространение: гнездовая часть ареала – лесные области Европы, Кавказа, Малой, Передней и Северо-Западной Азии. Зимует в Западной и Южной Европе, Закавказье, Малой и местами Передней Азии и на Ближнем Востоке. В Туркменистане только на юго-западе.

Образ жизни: зимующая птица, которая может быть встречена по долинам Сумбара и Этрека. Держится одиночно или небольшими стайками. Питается семенами трав и насекомыми.

Статус: редкая, у нас слабо изученная птица.

### 288. Menekli owazçy – *Prunella ocularis* – Персидская завирушка

Meýdan alamatlary: serçeden sähelçe kiçi. **Garamtyl "telpejigi" we inli ak gaşy aýdyň görünýär.** Bokurdagynyň gapdallary oňat saýgardýan gara menekli, arkasy gara dik geçýän tegmilli. Sesi mylaýym – "ti-ti-ti". Ganaty – 72-77 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: bokurdagynyň agymtyldygy bilen garadamak owazçydan tapawutlanýar, solgun owazçydan tapawudy ýok diýen ýaly, ýöne olar bir ýerde bile

Полевые признаки: размером чуть меньше воробья. **Четко выражены темная "шапочка" и широкая белая бровь**. По бокам горла – хорошо заметные черные пестринки, на спине продольные черные пятна. Голос – нежное «ти-ти-ти». Крыло – 72-77 мм.

Сходства – отличия: от черногорлой завирушки отличается бледным горлом, от бледной завирушки почти неотличима, но совместно



ýaşamaýarlar.

Ýaýran ýerleri: Arabystanyň günorta-günbatar çetleri, Zakawkazýe, Türkiýäniň demirgazyk - gündogary we Eýranyň demirgazyk-günbatary. Orta Aziýada diňe Türkmenistanda, Merkezi Köpetdagda bellendi.

Ýaşaýşy: höwürtgeleýän görnüş, daglaryň gurak eňňitlerindäki gyrymsyly ýerleri eýeleýär. Gyrymsylarda ýa-da gaýalaryň kölgesinde gezýär. Mör-möjekler we ösümlikleriň tohumlary bilen iýmitlenýär.

Statusy: seýrek, az öwrenilen guş, Köpetdag goraghanasynyň guşlarynyň täsin wekilleriniň biri.

они не обитают.

Распространение: крайний юго-запад Аравии, Закавказье, северо-восток Турции и северо-запад Ирана. В Средней Азии отмечалась только в Туркменистане, в частности в Центральном Копетдаге.

Образ жизни: гнездящийся вид, населяет кустарниковые участки на сухих склонах гор. Держится в кустах или в тени скал. Питается насекомыми и семенами различных растений.

Статус: редкая, слабо изученная птица, один из интересных представителей птиц Копетдагского заповедника.

### 289. Garadamak owazçy – *Prunella atrogularis* – Черногорлая завирушка

Meýdan alamatlary: serçe ölçegli kiçiräk guş. **Ol bokurdagynyň, duluklarynyň we kellesiniň üstüniň gara ýa-da garamtyl reňki bilen aňsat tanalýar.** Gaşy, petekesi we döşi agymtyl-çypar reňkli. Arkasy garamtyl inli dik menekli goňurrak-çypar, guýrugynyň üsti çalymtyl-goýy-ýaşyl. Bedeniniň aşagy açyk-çyparrak reňkli. Sesi – "ti-ti-ti". Ganaty – 70.5-79.0, çüňki – 7.5 mm, agramy – 17.5-21 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: bokurdagynyň garadygy bilen owazçylaryň ählisinden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän yeri aýry-aýrylykda – Uralda, Altaýda, Týan-Şan daglarynda we Orta Aziýanyň daglarynda. Orta Aziýanyň günorta çäklerinde, şeýle-de Alynky Aziýada we Hindistanyň demirgazyk-günbatarynda gyşlaýar. Türkmenistanda dag etekleriniň we düzlükleriň käbir ýerlerinde.

Полевые признаки: небольшая, размером с воробья, птица. **Ее можно узнать по черной или черноватой окраске горла, щек и верха головы**. Бровь, зоб и грудь беловато-рыжеватые. Спина буровато-рыжеватая с широкими темными продольными пестринами, надхвостье серо-темно-зеленое. Низ тела светло-рыжеватый. Голос – «ти-ти-ти». Крыло – 70.5-79, клюв – 7.5 мм, вес – 17.5-21 г.

Сходства – отличия: от всех завирушек отличается черным горлом.

Распространение: на гнездовье – изолированно на Урале, Алтае, Тянь-Шане и горах Средней Азии. Зимует в южных районах Средней, а также в Передней Азии и на северо-западе Индостана. В Туркменистане – местами в предгорьях и равнинных районах.

Образ жизни: пролетный и ко-

Ýaşaýşy: uçup geçýän we göçüp-gonýan-gyşlaýan görnüş. Ýerde ýa-da gyrymsylaryň aşaky böleklerinde ýekelikde, jübut ýa-da topar bolup, gizlin gezýär. Uçup geçende oazislerdäki dürli gyrymsylaryň ösen ýerlerinde, baglarda (hatda gowaça meýdanlarynda), toraňňy jeňňelliginde, çöldäki seýrek sazaklyklarda saklanýar. Ösümlikleriň tohumlary, maýda miweler we mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sanly we bizde ýeterlik öwrenilmedik guş.

чующе-зимующий вид. Держится скрытно на земле или в нижней части кустов одиночно, парами или небольшими стайками. На пролете придерживается разнообразных кустарниковых зарослей в оазисах, садах (даже полях хлопчатника), тугаев, реже саксаульников в пустыне. Питается семенами, мелкими плодами и насекомыми.

Статус: немногочисленная и недостаточно изученная у нас птица.

### 290. Alp dag zologowazçysy – *Prunella collaris* – Альпийская завирушка

Meýdan alamatlary: serçeden we beýleki owazçylardan ulurak. Kellesi we arkasynyň üstki bölegi çalymtyl-goňur. Ýaşy ýeten guşlaryň döşündäki ýelekleri çal, bokurdagy garamtyl kese zolakly agymtyl. **Böwürleri çypar ýa-da goňur. Ganatlarynda kese iki sany ak zolak** (tokaý owazçynyňka görä inli), **şol zolaklar bilen jäheklenen iki ganatyndaky garamtyl kese zolak uçýan mahaly oňat görünýär.** Çüňki sary esasly garamtyl-goňur, aýaklary gyzylymtyl-goňur. Daşdan daşa uçup geçende, çekeýik ýaly guýrugyny galgadýar. Ýerde kçiräk towsup-towsup hereket edýär. Sesi – sesli owazlaryň toplumy. Çagyryş sesi pessaýja – "çirk-çirk". Ganaty – 91.0-102.7 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: göwresiniň uludygy (ganaty – 85 mm ýokary) we böwürleriniň çyparrak reňki bilen beýleki owazçylardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Günorta Ýewropanyň, Kawkazyň, Kiçi, Alynky, Otra, Merkezi we Gündogar Aziýanyň daglyk ýerleri, şeýle-de Gimalaý daglary. Türkmenistanda Köpetdagda we Köýtendagda.

Полевые признаки: крупнее воробья и других завирушек. Голова и верхняя часть спины буровато-бурые. У взрослых на груди перья серые, горло светлое с темными поперечными полосками. **Бока рыжие или коричневые. На крыле две белые поперечные полоски** (шире, чем у лесной завирушки), **и в полете хорошо заметна темная полоса поперек обоих крыльев, окаймленная этими полосками**. Клюв черновато-бурый с желтым основанием, ноги красно-бурые. Перелетая с камня на камень, подергивает хвостом, подобно каменкам. По земле передвигается небольшими прыжками. Песня – набор звонких трелей. Позывка – негромкое «чирк-чирк». Крыло – 91-102.7 мм.

Сходства – отличия: от других завирушек отличается большей величиной (крыло – более 85 мм), рыжеватыми боками.

Распространение: горные области Южной Европы, Кавказа, Малой, Передней, Средней, Центральной и Восточной Азии, а также Гималаи. В Туркменистане – Ко-



Ýaşaýşy: oturymly görnüş, dag çemenliklerinde, gaýalarda we çagyl üýşmekli ýerlerde ýaşaýar. Iýun-iýulda 4-5 sany mawumtyl ýumurtgalary goýýar. Mör-möjekler, ösümlikleriň tohumlary we miweleri bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sanly, käbir ýerlerde adaty, gowşak öwrenilen guş, Köpetdag we Köýtendag goraghanalarynyň guşlarynyň täsin wekilleriniň biri.

петдаг и Койтендаг.

Образа жизни: оседлый вид, населяет горные луга, скалы и осыпи. Гнездо помещается в трещине скалы или под камнем. Кладка из 4-5 голубых яиц, в июне-июле. Питается насекомыми, семенами и ягодами.

Статус: немногочисленная, местами обычная, слабо изученная птица, один из интересных представителей птиц Копетдагского и Койтендагского заповедников.

## Çürlentgiler – *Sylviidae* – Славковые

Bedeni boýuna görä biraz süýnmegräk, maýda we örän maýda guşlar maşgalasy. Ýelek örtügi ýumşak hem mymyk. Üstki tarapynyň reňki birmeňzeş. Guýrugy tegelenen, göni ýa-da sähelçe oýuk. Çüňki inçe, agyz dilkawy gönelen bizşekilli. Çüňküniň gyralarynda köplenç gaty gyllary bolýar. Aýaklary gysga ýa-da söbüginiň öň tarapyny ýapýan aýry-aýry teňňeli orta uzynlykda. Horazlarynyň we mäkiýanlarynyň arasyndaky tapawut görnüşleriň käbirinde aýdyň görünýär, ýöne mäkiýanlarynyň aglabasy horazlaryna meňzeş, diňe ölçegleriniň sähelçe kiçidigi bilen tapawutlanýar. Esasy iýmiti mör-möjekler, görnüşleriň käbiri miweler bilen iýmitlenýärler. Ýerde, gyrymsylaryň, agaçlaryň üstünde höwürtgeleýärler. Çürlentgiler we gamyşguşlary 4-6, aldawaçlar 4-8 sany ýumurtga goýýar. Ýylda bir gezek ýumurtga goýýarlar. Dünýäde 400-den gowrak, Türkmenistanda 32 görnüş.

Семейство мелких и очень мелких птиц, с несколько вытянутым в длину телом. Оперение мягкое, пушистое. Окраска верхней стороны однотонная. Хвост закругленный, прямой или слегка выемчатый. Клюв тонкий, шиловидный с прямым разрезом рта. По краям клюва часто имеются щетинки. Ноги короткие или средней длины с отдельными щитками, покрывающими переднюю поверхность цевки. Различия между самцами и самками хорошо выражены у одних видов, но у большинства самки по окраске схожи с самцами, но отличаются чуть меньшими размерами. Основной пищей являются насекомые, у некоторых видов ягоды. Гнезда на земле, на кустарниках, на деревьях. Число яиц в кладке у славок и камышевок 4-6, у пеночек 4-8. Одна кладка в году. В мире более 400 видов, в Туркменистане – 32.

### 291. Ýaýbaňguýruk gamyşguşy – *Cettia cetti* – Широкохвостка

Meýdan alamatlary: serçeden biraz kiçi. Bedeniniň üstki tarapy poslyrak-goňur. Ganatlary we guýrugy

Полевые признаки: несколько меньше воробья. Верхняя сторона тела ржавчато-бурая. Крылья и

goňur. Gaşy agymtyl. **Guýrugy tegelenen, ýaýbaň.** Bedeniniň aşagy kirliräk-ak, böwürleri çalymtylrak-tüsse öwüşginli. Döşi ak. Çüňki goýy goňur, aýaklary sarymtylrak-goňur. Ýaşlary ulularyna çalymdaş, ýöne reňki has öçügsi. Saýraýşy pert sesli "set-sit-swit" görnüşinde şowhunly sesleriň sykylykly toplumy. Howsalaly gykylygy pes-saýja – "twis-si-si-si". Ganatynyň uzyn-lygy – 54-73 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: reňki, sesi we tegelenen ýaýbaň guýrugy bilen beýleki gamyşguşlaryndan we çyrlaklardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Günorta Ýewropa, Kawkaz, Demirgazyk-Günbatar Afrika, Kiçi, Alynky we Merkezi Aziýanyň günbatar taraplary. Orta Aziýada – daglyk we düzlük ýerlerde. Türkmenistanda – Köpetdagda, Tejen, Murgap, Amyderýa jülgelerinde. Günorta Ýewropada we Günorta-Günbatar Aziýada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: höwürtgeleýän guş. Endigan ýaýran däldir. Derýajyklaryň we kanallaryň jeňňelli kenarlarynda gabat gelýär. Orän gizlin gezýär, ýöne horazlary saýraýan sesleri bilen özlerini aýan edýärler. Gür şahalanan gyrymsylarda höwürtge guryar. Aprel-iýunda 4-5 sany ýaldyrawuk goňur-gyzgylt reňkli ýumurtgalary goýýar. Mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: amatly bolan ýerlerde adaty görnüş.

хвост бурые. Бровь светлая. **Хвост широкий, округлый**. Низ грязно-белый, бока с серовато-дымчатым налетом. Грудь белая. Клюв темно-бурый, ноги желтовато-бурые. Молодые похожи на взрослых, но более тусклые. Песня резкая громкая – свистовой набор трескучих звуков типа «цеть-цить-цвить». Тревожные крики – негромкое – «твиц-ци-ци-ци». Длина крыла – 54-73 мм.

Сходства – отличия: от других камышевок и сверчков отличается окраской, голосом и широким округлым хвостом.

Распространение: Южная Европа, Кавказ, Северо-Западная Африка, Малая, Передняя и западные районы Центральной Азии. В Средней Азии – в горах и равнинах. В Туркменистане – Копетдаг, долины Теджена, Мургаба, Амударьи. Зимует – в Южной Европе и Юго-Западной Азии.

Образ жизни: гнездящаяся птица. Распределение очень неравномерное. Встречается по заросшим берегам речек и каналов. Очень скрытны, но самцы выдают себя громкой песней. Гнездо строят в густых кустах. Кладка из 4-5 буровато-красного цвета блестящих яиц, в апреле-июне. Питаются насекомыми.

Статус: в подходящих местообитаниях обычный вид.

### 292. Adaty çyrlak guş – *Locustella naevia* – Обыкновенный сверчок

Meýdan alamatlary: serçeden mese - mälim kiçi. Bedeniniň üstki tarapy gara-goňur tegmilli, çalymtyl-ýaşylymtyl-goňur. Gaşy çala

Полевые признаки: заметно меньше воробья. Верхняя сторона тела серо-зеленовато-бурая с черно-бурыми пятнами. Бровь слабо



saýgardýar. Ganatlary goňur bolup, ýelekleri insiz çalymtyl-ýaşylymtyl jähekli. **Bedeniniň aşagy akjymak-goňurrak, bokurdagy we garny ak.** Aýaklary sarymtyl-çal. Ýaş guşlaryň aşagy sarymtylrak we bokurdagynda, boýnynda we böwürlerinde göze görünýän çyzyklary bolýar. Saýraýşy örän uzyn bolup, ýaşyl çekirtgäniň jyrryldysyna çalymdaş–"zi-zi-zizizizizi". Ganatynyň uzynlygy – 60-70 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: arkasynyň goýy-goňur tegmilli çalymtyk-ýaşylymtyl-goňurdygy we döşünde meneklериň ýokdygy bilen beýleki çyrlak guşlardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän ýerleri – Ýewropanyň günbatar böleginiň aralyk giňişliginden Merkezi Aziýanyň günbataryna çenli. Orta Aziýada we Türkmenistanda derýalaryň jülgelerinde, çemenliklerde, gyrymsyly gamyşlyk ösgün otluk ýerlerde. Günorta Ýewropada, Demirgazyk Afrikada we Günorta Aziýada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: bizde uçup geçýän guş. Ýazyna aprel-maýda uçup geçýär. Örän gizlin gezýär, derýalaryň, kölleriň, howdanlaryň we beýleki suw ýataklaryň jeňňeli kenarlarynda duş gelmegi mümkin. Mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sanly, käbir ýerlerde adaty görnüş.

выражена. Крылья бурые с узкими серо-зеленоватыми окаймлениями на перьях. **Низ тела светло-буроватый, горло и брюшко светлые**. Ноги желтовато-серые. У молодых птиц низ желтоватый и на горле, шее и боках заметные штрихи. Песня очень длинная и похожа на стрекотание кузнечика – «зи-зи-зизизизизи». Длина крыла – 60-70 мм.

Сходства – отличия: от других сверчков отличается серо-зеленовато бурой с черно-бурыми пятнами спиной и отсутствием пестрин на груди.

Распространение: область гнездования – умеренные широты от западных частей Европы до западных в Центральной Азии. В Средней Азии и в Туркменистане – речные долины, луга, сырые поляны с высокой травой кустарниками и тростником. Зимует в Южной Европе, Северной Африке и Южной Азии.

Образ жизни: у нас пролетная птица. Весенний пролет в апреле-мае. Очень скрытная, может встречаться по заросшим берегам речек, озер, водохранилищ и других водоемов. Питается насекомыми.

Статус: немногочисленный, местами обычный вид.

### 293. Derýa çyrlak guşy – *Locustella fluviatilis* – Речной сверчок

Meýdan alamatlary: serçeden biraz kiçi. Bedeniniň üstki tarapy goýy çal-ýaşylymtyl-goňur. Pelpelleýji ýelekleri örän insiz agymtyl-çalymtyl-ýaşylymtyl jähekli. Guýrugynyň aşagy kese ala zolakly. Boýny, petekesi we döşi garamtyl dik

Полевые признаки: несколько меньше воробья. Верхняя сторона тела темная серо-зеленовато-бурая. На маховых перьях очень узкие светло-серо-зеленоватые окаймления. На хвосте снизу – поперечная полосатость. На шее, зобе и груди

menekli. Aşaky tarapy goňurrak-ak. Aýaklary goňurrak-çal. Ýaş guşlaryň garyn tarapy gowşak ýaşylymtylsary ýokundyly. Saýraýşy uzyn, ýaşyl çekirtgäniň sesine meňzeş jyrryldy – "zer-zer-zer-zer…". Ganatynyň uzynlygy – 75-80 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: uçup geçende bizde duşýan beýleki çyrlak guşlardan reňkiniň garamtyldygy, **guýrugynyň aşagynyň aladygy, petekesiniň we döşüniň dik meneklidigi bilen tapawutlanýar.**

Ýaýran ýerleri: Merkezi we Gündogar Ýewropa, Günbatar Sibiriň günorta bölegi. Giňişleýin uçup geçýär. Orta Aziýada we Türkmenistanda – derýalaryň jülgelerinde, kölleriň we beýleki suwly ýerleriň gamyş-jeňňelli kenarlarynda. Gündogar Afrikada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän guş. Ýazyna martyň soňunda-apreliň başynda uçup geçýär. Jülgelerde we oazisleriň otluk we gyrymsylyk, aýratyn-da, suw ýatakly ýerlerde gabat gelýär. Örän gizlin gezýär. Mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sanly, käbir ýerlerde adaty görnüş.

темные продольные пестрины. Низ буровато-белый. Ноги буровато-серые. У молодых птиц на брюшной стороне слабый зеленовато-желтый налет. Песня длинная, однообразная как стрекотание кузнечика – «зер-зер-зер-зер...». Длина крыла – 75-80 мм.

Сходства – отличия: от других встречающихся у нас на пролете сверчков отличается темной окраской, **полосатостью хвоста снизу и продольными пестринами на зобу и груди**.

Распространение: Центральная и Восточная Европа и южная часть Западной Сибири. На пролете шире. В Средней Азии и Туркменистане – долины рек, берега озер и других водоемов с зарослями мелких кустарников и тростника. Зимует в Восточной Африке.

Образ жизни: пролетная птица. Весенний пролет в конце марта в начале апреля. Встречается по долинам и оазисам на участках с зарослями трав и кустарников, особенно у водоемов. Держится очень скрытно. Питается насекомыми.

Статус: немногочисленный, местами обычный вид.

### 294. Bilbil çyrlak guşy – *Locustella luscinioides* – Соловьиный сверчок

Meýdan alamatlary: serçe ululykda. Bedeniniň üstki tarapy birmeňzeş çyparrak-goňur bolup, ganatlary we guýrugy has garamtyl öwüşginde. Gaşynyň üstündäki agymtyl zolak gowşak saýgardýar. **Aşaky tarapy çyparrak-agymtyl bolup, bokurdagy we garnynyň ortasy has ýagty reňkli.** Aýaklary sarymtyl-goňur. Ýaş guşlaryň reňki çýpar öwüşginli goýy ýaşylymtyl-goňur, aşak tarapy

Полевые признаки: размером с воробья. Верхняя сторона тела однотонно рыжевато-бурая с более темными тонами на крыльях и хвосте. Надбровные светлые полосы выделяются слабо. **Низ рыжевато-беловатый с более светлым горлом и серединой брюшка**. Ноги желтовато-бурые. Молодые птицы темно-зеленовато-бурые с рыжеватым оттенком, низ у них значи-



has goňurrak. Saýraýşy batlanýan durnukly sesler – "zirrrrr…", soňra jyrryldyly owazlara geçýär. Sesi pert – "çk-çk-çk-çk" Ganatynyň uzynlygy – 64-83 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: özüni erkin alyp barmak endikleri bilen gamyşguşlardan tapawutlanýar. Arkasynyň reňkiniň birmeňzeş çyparrakdygy beýleki çyrlak guşlardan we basgançakly guýrygy, bilbil guşlardan tapawutlandyrýar.

Ýaýran ýerleri: Merkezi we Günorta Ýewropa, Afrikanyň demirgazykgünbatar çetleri, Günbatar Sibiriň günortasy. Orta Aziýada derýalaryň jülgelerinde. Türkmenistanda Etrek, Murgap, Tejen derýalarynyň we Amyderýanyň jülgelerinde. Afrikanyň merkezi welaýatlarynda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän–höwürtgeleýän guş. Apreliň ilkinji günleri uçup gelýär we suw ýataklaryň ösgün otluk, gyrymsyly we gamyşly jeňňellilkli kenarýakalayny eýeleýär. Ýaşyryn gezýär we saýraýşy bilen özüniň gür ösen otlaryň ýa-da gyrymsylaryň arasynda bardygyny aýan edýär. Gür ösen gyrymsylarda höwürtge gurýar. Maý-iýunda 4-5 sany goňur meneklije, ak ýumurtgalary goýýar. Mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sanly görnüş.

тельно бурее. Песня – постоянно нарастающие звуки «зиррррр…», переходящие в стрекочущую трель. Голос – резкое «чк-чк-чк-чк». Длина крыла – 64-83 мм.

Сходства – отличия: от камышевок отличается манерой держаться не очень скрытно. От других сверчков однотонной рыжеватой окраской верха. От соловья – ступенчатым хвостом.

Распространение: Центральная и Южная Европа, крайний северо-запад Африки, на юге Западной Сибири. В Средней Азии – речные долины. В Туркменистане – долины Этрека, Мургаба, Теджена и Амударьи. Зимует в центральных областях Африки.

Образ жизни: пролетный, гнездящийся вид. Прилетают в первых числах апреля и населяют прибрежные участки водоемов с зарослями высоких трав, кустов и тростника. Скрытная птица, держится в гуще травы или кустов, выдавая себя песней. Гнезда устраивает в густых зарослях. Кладка из 4-5 белых с бурыми пятнышками яиц, в мае-июне. Питается насекомыми.

Статус: немногочисленный вид.

### 295. Inçeçüňk gamyşguşy – *Acrocephalus melanopogon* – Тонкоклювая камышевка

Meýdan alamatlary: serçeden has kiçi. Bedeniniň üstki tarapy dikligine garamtyl menekli açyk ýaşylymtylgoňur. Kellesi **dikligine goňur tegmilli we inli ak gaşynyň üsti garamtyl zolakly** sarymtyl-çal. Guýrugy basgançakly. Aşaky tarapy çyparrak-

Полевые признаки: значительно меньше воробья. **Верхняя сторона тела светло-зеленовато-бурая с темными продольными пестринами**. Голова желтовато-серая с продольными бурыми пятнами и темными полосами над **белой**

ak, döşüniň öňki, garnynyň yzky bölegi we guýrugynyň aşagy çyparrak-goňur. Aýaklary goýy goňur. Ýaş guşlaryň kellesi garamtylrak bolup, ýelekleriniň uçlary sarymtyl-agymtyl, arkasynyňky çalymtyl-çyparrak. Saýraýşy güýçli sykylyklardan we jürrüldili sesleriň toplumyndan durýar. Çagyryş sesi pessaýja – "çýurr-çýurr". Ganatynyň uzynlygy – 54-62.8 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: garamtyl aýaklary, gaşlarynyň ak, inlidigi we onuň üstündäki garamtyl zolak bilen beýleki gamyşguşlardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän ýerleri – bölekleýin – Günorta Ýewropada, Kawkazda, Alynky (Päkis-tana çenli) we Orta Aziýada. Türkmenistanda daglyk ýerlerde we derýalaryň jülgelerinde. Eýranda, Päkistanda, Günbatar Hindistanda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän we höwürtgeleýän guş. Ýazyna mart–aprelde uçup geçýär. Derýalaryň, kanallaryň, kölleriň kenarýakalaryndaky gamyşly we gyrymsyly jeňňellikleri eýeleýär. Jeňňellikleriň aşaky böleklerinde gezmegi halaýar. Gür ösen gamyşlyklarda höwürtge gurýar. Maý-iýunda 4-5 sany ýalpyldawuk goňurrak-gyzyl reňkli ýumurtgalary goýýar. Mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: adaty, käbir ýerlerde seýrek görnüş.

**широкой бровью**. Хвост ступенчатый. Низ рыже-белый, передняя часть груди, задняя часть брюха и подхвостье рыжевато-бурые. Ноги темно-бурые. У молодых птиц голова черноватая с желтовато-беловатыми концами перьев, а спина серовато-рыжеватая. Песня состоит из громких свистов и набора трескучих звуков. Позывка – негромкое «чюрр-чюрр». Длина крыла – 54-62.8 мм.

Сходства – отличия: от других камышевок отличается темными ногами, белой широкой бровью и темными полосами над ней.

Распространение: в областях гнездования – неравномерно – в Южной Европе, на Кавказе, в Передней (до Пакистана) и Средней Азии. В Туркменистане – в горных и речных долинах. Зимует в Иране, Пакистане, Западной Индии.

Образ жизни: пролетная и гнездящаяся птица. Весенний пролет в марте-апреле. Населяет прибрежные заросли тростников и кустарников по берегам рек, каналов, озер. Предпочитают держаться в нижних частях зарослей. Гнездо строят в густых камышах. Кладка из 4-5 буровато-красного цвета блестящих яиц, в мае-июне. Питается насекомыми.

Статус: обычный, местами редкий вид.

### 296. Torsujak gamyşguşy – *Acrocephalus schoenobaenus* – Камышевка-барсучок

Meýdan alamatlary: serçeden sähelçe kiçi. Bedeniniň üstki tarapy çyparrak-goňur. **Kellesinde**, arkasynda **dikligine gara we goňur menekleri bolýar** we ol **ony ala-beder** görkezýär. Gözüniň üstünden agymtyl-çyparrak gaş geçýär. Ganatlary we guýrugy goňur. Aşagy böwürleriniň çyparrak ýokundysynda agymtyl. Aýaklary gara däl-de, çal reňkli. Ýaş guşlaryň petekesini ownuk gara meneklerden durýan "gülýaka" bezeýär. Sesi pessaýja –"çýurrr-çerrr". Saýraýşy – şowhunly ses owazlaryň we jikgildileriň toplumy. Ganatynyň uzynlygy – 62-71 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: gaşynyň inli çypardygy, arkasynyň we kellesiniň garamtyl meneklidigi bilen hindi, agymtyl aýaklary we kellesiniň üstüniň meneklidigi bilen inçeçüňk gamyşguşdan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Ýewropanyň hemme ýerlerinde diýen ýaly, Gazagystanda we Sibirde Ýeneseý derýasyna çenli höwürtgeleýär. Orta Aziýada we Türkmenistanda, esasan, derýalaryň jülgelerinde oazislerde we deňiz Kenarynda. Afrikada, onuň merkezi we günorta böleklerinde gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän guş. Ýazyna aprel-maýda uçup geçýär. Bölekleýin ýaýraýar. Dürli suw ýataklaryň kenarýakasyndaky ösümlikleriň gür ösen ýerlerinde gabat gelýär. Mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sanly, käbir ýerlerde adaty görnüş.

Полевые признаки: несколько меньше воробья. Верхняя сторона тела рыжевато-бурая. **На голове** и спине **черные и бурые продольные пестрины, выглядит как полосатость**. Над глазом проходит светло-рыжеватая бровь. Крылья и хвост бурые. Низ беловатый с рыжеватым налетом на боках. Ноги серые, не темные. У молодых птиц на зобу «ожерелье» из мелких темных пестрин. Голос – негромкое «чюррр-черрр». Песня – набор трескучих трелей и щебетаний. Длина крыла –62-71 мм.

Сходства – отличия: от индийской камышевки отличается широкой рыжей бровью и темными пестринами на спине и голове, от тонкоклювой – светлыми ногами и пестрым верхом головы.

Распространение: гнездится почти по всей Европе, в Казахстане и Сибири до Енисея. В Средней Азии и Туркменистане, в основном, по речным долинам, оазисам и морскому побережью. Зимуют в Африке – в центральных и южных ее областях.

Образ жизни: пролетная птица. Весенний пролет в апреле-мае. Распределение неравномерное. Встречается на участках густой прибрежной растительности по различным водоемам. Питается насекомыми.

Статус: не многочисленный, местами обычный вид.

### 297. Hindi gamyşguşy – *Acrocephalus agricola* – Индийская камышевка

Meýdan alamatlary: serçeden sähelçe kiçi. Bedeniniň üstki tarapy kellesiniň has garamtyl we guýrugüstüniň has agymtyl bolmagynda çyparrak-goňur. **Gözüniň üsti uzyn agymtyl gaşly.** Ganatlarynyň ýelekleri çyparrak-çal jähekli goňur. Bedeniniň aşagy

Полевые признаки: несколько меньше воробья. Верхняя сторона тела рыжевато-бурая с более темной головой и более светлым надхвостьем. **Над глазом – светлая длинная бровь**. Перья крыльев бурые с рыжевато-серыми каемками. Низ тела белый с рыжеватым

çyparrak ýokundyda ak, böwürleri açyk-goňur. Aýaklary agymtyl-goňur. Ýaş guşlar mese-mälim açyk reňkli, üstki tarapy çyparrak we tutuş aşak ýüzi çypar ýokundyly. Sesi pert – "çek-çek-çek". Saýraýşy dürli, beýleki gamyşguşlaryňky ýaly gaty şowhunly däl-de, beýleki guşlaryň seslerine öýkünme has mylaýym. Ganatynyň uzynlygy – 55-61 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: anyk görünýän, ýöne inli däl, agymtyl gaşy bilen gamyş we bag gamyşguşlaryndan tapawutlanýar. Düzgün boýunça, diňe suw ýakasynda duşýandygy bilen aldawaçlardan we şygşygy guşlardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän ýerleri tegmilleýin – "pytraňňy". Günorta-Gündogar Ýewropada, Günbatar Sibiriň günortasynda, Gazagystanda, Orta we Merkezi Aziýada. Türkmenistanda Tejen, Murgap, Garagum derýalarynyň we Amyderýanyň jülgeleri. Hindistanda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän–höwürtgeleýän guş. Ýazyna aprel-maýda we güýzine – awgust-sentýabrda uçup geçýär. Dürli suw ýataklaryň gamyşly we ösgün otly kenarýakalaryny peslikLerden tä dag eteklerine çenli eýeleýär. Gamyş baldaklarynyň arasynda höwürtge gurýar. Maý-iýunda 4-5 sany goňur meneklije, açyk çalymtyl-ýaşylymtyl ýumurtgalary goýýar. Mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: adaty, käbir ýerlerde köpsanly görnüş.

налетом, бока светло-буроватые. Ноги светло-бурые. Молодые птицы заметно ярче и рыжее сверху, весь низ – с рыжеватым налетом. Голос – резкое «чек-чек-чек». Песня разнообразная и не столь трескучая как у других камышевок, более мягкая, с подражаниями голосам других птиц. Длина крыла – 55-61 мм.

Сходства – отличия: от тростниковой и садовой камышевок отличается хорошо заметной светлой, но не широкой бровью. В отличие от пеночек и бормотушек встречается, как правило, только у водоемов.

Распространение: область гнездования пятнистая, места «разбросаны» в Юго-Восточной Европе, на юге Западной Сибири, в Казахстане, Средней и Центральной Азии. В Туркменистане – долины Теджена, Мургаба, Каракумдарьи и Амударьи. Зимует в Индии.

Образ жизни: пролетная, гнездящаяся птица. Весенний пролет в апреле-мае, осенью – августе-сентябре. Населяет берега различных водоемов, поросшие тростником, высокотравьем, от низин до предгорий. Гнездо между стеблями тростника. Кладка из 4-5 светло-серо-зеленоватых с бурыми пятнышками яиц, в мае-июне. Питается насекомыми.

Статус: обычный, местами даже многочисленный вид.

## 298. Bag gamyşguşy – *Acrocephalus dumetorum* – Садовая камышевка

Meýdan alamatlary: serçeden sähelçe kiçi. Bedeniniň üstki tarapy **çalymtyl - ýaşylymtyl goňur öwüşginli, guýrugynyň üsti çypar ýokundyly has açyk reňkli. Agymtyl gaşy gözüniň yzyna uzaýar.** Ganatlary çalymtyl-ýaşylymtyl jäheklenen ýelekli goňur. Guýrugy ganatlaryndan biraz ýagtyrak. Böwürleri açyk-goňur. Bokurdagy agymtyl, döşi we garny açyk reňkli. Aýaklary goňurrak-çal. Ýaş guşlaryň üstki tarapy ulularyna garanyňda, has çyparrak, garny goňurrak. Saýraýşy dürli we çylşyrymly, şowhunly sesleri az, saýraýşy köplenç beýleki guşlardan alnan seslerden durýar we ol pert "çek-çek" sesler bilen gezekleşýär. Şeýle çagyryş sesde, aýratynlykda saýramaklary mümkin. Ganatynyň uzynlygy – 60-67 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: gözüniň yzyna geçýän gaşynyň agymtyldygy, böwürlerinde çypar ýokundynyň ýokdygy bilen gamyşguşdan we bilinde çypar reňkiň ýokdygy, gaşynyň anyk däldigi bilen hindi gamyşguşdan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän ýerleri – Gündogar Ýewropa, Günorta Sibir (Baýkal kölüne çenli), Gazagystan, Orta Aziýanyň günortasy, Alynky, Günorta (Hindistan) Aziýa. Türkmenistanda – Köpetdag we onuň etekleri, diňe bir derýalaryň jülgelerinde däl-de, hem deňiz kenarynda ýaýraň uçup geçýär. Hindistanda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän we höwürtgeleýän guş. Ýazyna apreliň soňunda we maýda, güýzine – awgustyň aýagynda we sentýabrda uçup geçýär. Daglaryň agaçly-gyrymsyly jülgelerinde we oazislerde saklanýar. Baglardaky, seýilgählerdäki we kenarýaka jeňňelliklerdäki gyrymsylarda gezýär. Adatça, gyrymsy agaçlar-

Полевые признаки: несколько меньше воробья. Верхняя сторона **тела бурая с серо-зеленоватым оттенком, надхвостье более светлое с рыжеватым налетом. Светлая бровь заходит за глаз**. Крылья бурые с серо-зеленоватыми каймами перьев. Хвост несколько светлее крыльев. Бока светло-бурые. Горло беловатое, грудь и брюхо светлое. Ноги буро-вато-серые. Молодые сверху более рыжеватые, брюшко бурее, чем у взрослых. Поет разнообразно и сложно, трескучести очень мало, песня часто состоит из заимствований у других птиц и чередуется с резким голосом «чек-чек». Такие же позывки могут звучать отдельно от песни. Длина крыла – 60-67 мм.

Сходства – отличия: от тростниковой камышевки отличается светлой бровью, заходящей за глаз, отсутствием рыжеватого налета на боках; от индийской – отсутствием рыжеватого цвета на пояснице и менее выраженной бровью.

Распространение: область гнездования – Восточная Европа, Южная Сибирь (до Байкала), Казахстан, юг Средней, Передняя и Южная (Индостан) Азия. В Туркменистане – Копетдаг и его предгорья, на пролете шире, по долинам рек, Зимуют в Индии.

Образ жизни: пролетная и гнездящаяся птица. Весенний пролет с конца апреля и в мае, осенний – с конца августа и в сентябре. Населяет древесно-кустарниковые заросли в горах, долинах и оазисах, включая города. Держится по кустам и зарослям в садах и парках, прибрежных зарослях. Гнезда обычно в кустарниках. Кладка из 4-6 розоватых с бурыми пятнами яиц, в мае – июне. Питается насе-

da höwürtgeleýär. Maý-iýunda 4-6 sany goňur meneklije, gülgüne ýumurtgalary goýýar. Mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: adaty, käýerlerde köpsanly.

комыми.

Статус: обычный, местами многочисленный вид.

### 299. Gamyşguşy – *Acrocephalus scirpaceus* – Тростниковая камышевка

Meýdan alamatlary: serçeden biraz kiçi. Bedeniniň üstki tarapy açykgoňur. Kellesiniň üsti garamtyl meneksiz we zolaksyz. **Guýrugynyň üsti we ganatlarynyň ýokarsyny ýapýan ýelekleri çyparrak.** Ganatlaryndaky ýelekleri agymtyl uçly we ýaşylymtylgoňur jähekli. Bokurdagy we garnynyň ortasy agymtyl. Bedeniniň böwürleri çyparrak reňkli. Aýaklary sarymtyl-goňur. Ýaş guşlarynyň üsti çyparrak-goňur. Saýraýşy köplenç halatda bag gamyşguşynyňky ýaly, ýöne owazynda diňe "çek-çek". Gykylygy pert – "çerr-çerr". Ganatynyň uzynlygy – 60-74 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: agymtyl gaşynyň gözüniň yzyna ýetmeýändigi, şeýle-de guýrugynyň üstüniň çyparrakdygy bilen hindi we bag gamyşguşlaryndan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän ýerleri – Demirgazyk-Günbatar Afrika, Günbatar, Merkezi we Gündogar Ýewropa, Kawkaz, Kiçi, Alynky we Orta Aziýa (Altaý daglaryna çenli). Orta Aziýada we Türkmenistanda uly derýalaryň jülgelerinde, oazislerde we deňiz kenarynda. Afrikada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän we höwürtgeleýän guş. Ýazyna aprel-maýda uçup geçýär. Beýleki gamyşguşlary bilen deňeşdireniňde, ol has gizlin gezýär. Derýa jülgeleriniň gamyşlygyrymsyly jeňňelliklerini eýeleýär.

Полевые признаки: несколько меньше воробья. Верхняя сторона тела светло-бурая. Верх головы без темных пестрин и полос. **Надхвостье и верхние кроющие крыла рыжеватые**. Перья крыльев со светлыми концами и зеленоватобурыми каемками. Горло и середина брюшка светлые. Бока тела рыжеватые. Ноги желтовато-бурые. У молодых верх рыжевато-бурый. Песня во многом как у садовой камышевки, но без вставок «чек-чек». Крик – резкое «черр-черр». Длина крыла – 60-74 мм.

Сходства – отличия: от индийской и садовой камышевок отличается тем, что светлая бровь не заходит за глаз, а также рыжеватым надхвостьем.

Распространение: область гнездования – Северо-Западная Африка, Западная, Центральная и Южная Европа, Кавказ, Малая, Передняя и Средняя Азия (до Алтая). В Средней Азии и Туркменистане – по долинам крупных рек, в оазисах и морскому побережью. Зимует в Африке.

Образ жизни: пролетная и гнездящаяся птица. Весенний пролет в апреле-мае. По сравнению с другими камышевками более скрытна. Населяет тростниково-кустарниковые заросли речных долин. Гнездо устраивают в густых зарослях. Кладка из 3-6 зеленовато-белых с



Jeňňelligiň gür ýerlerinde höwürtge gurýar. Maý-iýunda 3-6 sany goňur we çal meneklije, ýaşylymtyl-ak ýumurtgalary goýýar. Mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: adaty, käbir ýerlerde köpsanly görnüş.

бурыми и серыми пятнами яиц, в мае-июле. Питается насекомыми.

Статус: обычный, местами даже многочисленный вид.

### 300. Batga gamyşguşy – *Acrocephalus palustris* – Болотная камышевка

Meýdan alamatlary: serçeden biraz kiçi. Bedeniniň üstki tarapy ýaşylymtyl-çal, guýrugynyň üsti agymtyl-goňur. **Ganatlarynyň ýelekleri agymtyl-çypar gaýmaly goňur.** Bokurdagy we döşüniň ortasy agymtyl. Bedeniniň aşaky tarapy çyparrak öwüşginli, böwürleri goňurrak-çypar. Aýaklary agymtyl-sarymtyl-goňur. Ýaşlarynda çypar reňk has köp ösen. Saýraýşy sesli sykylyklaryň, şowhunly sesleriň toplumyndan durýar we beýleki gamyşguşlaryňka garanyňda, has owadan. Ol uçup geçýän mahaly ümsüm gezýär. Gykylygy pert we şowhunly "çek-çek-çer". Ganatynyň uzynlygy – 63-72 mm.

Meňzeşligi–tapawudy: gözüniň töweregindäki insiz agymtyl halkanyň has anykdygy, arkasynyň birmeňzeş öwüşginlidigi we eginleriniň gara meneksiz hem zolaksyzdygy, şeýle-de ganatlaryň goňur ýeleklerinde agymtyl-çypar jähegiň anykdygy bilen gamyş, bag we hindi gamyşguşlaryndan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän ýerleri – Merkezi we Günorta-Gündogar Ýewropa, Kawkaz, Günbatar we Orta Sibir. Uçup geçişi ýaýraň. Orta Aziýada we Türkmenistanda derýalaryň jülgelerinde we oazislerde saklanýar. Afrikanyň merkezi we günorta çäklerinde gyşlaýar.

Полевые признаки: несколько меньше воробья. Верх зеленоватосерый, надхвостье светло-бурое. **Перья крыльев бурые со светлорыжими каемками**. Горло и середина брюшка светлые. Низ тела беловатый с рыжеватым оттенком, бока буровато-рыжеватые. Ноги бледно-желтовато-бурые. У молодых птиц значительно развиты рыжие тона. Песня состоит из громких свистов и набора трескучих звуков и более красива, чем у других камышевок. На пролете она более молчалива. Крик – резкое и трескучее «чек-чек-чер». Длина крыла – 63–72 мм.

Сходства – отличия: от тростниковой, садовой и индийской камышевок отличается более четким светлым узким кольцом вокруг глаза, однотонной спиной и плечами без темных пестринок и полос, а также четкими светло-рыжими каемками на бурых перьях крыла.

Распространение: область гнездования – Центральная и Юго-Восточная Европа, Кавказ, Западная и Средняя Сибирь. На пролете шире. В Средней Азии и Туркменистане, в основном, по речным долинам и оазисам. Зимует – в центральных и южных областях Африки.

Образ жизни: пролетная птица. Весенний пролет – апрель-май,

Ýaşaýşy: uçup geçýän guş. Ýazyna aprel-maýda, güýzine–sentýabrda we oktýabryň başynda uçup geçýär. Suw ýataklarynyň kenarlaryndaky jeňňelliklerde, daglaryň we derýajyklaryň jülgelerinde we oazislerde saklanýar. Mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: adaty, käbir ýerlerde seýrek duşýan görnüş.

осенний – сентябрь и начало октября. Придерживается кустарниковых зарослей по берегам водоемов, по горным и речным долинам и оазисам. Питается насекомыми.

Статус: обычный и местами редкий вид.

### 301. Jokjoky sypatly gamyşguşy – *Acrocephalus arundinaceus* – Дроздовидная камышевка

Meýdan alamatlary: sar ululykda. **Bedeniniň üstki tarapy çalymtyl-goňur. Ganatlary we guýrugy goňurrak**, ýelekleri agymtyl jähekli. Gaşynyň üstündäki zolak agymtyl-çypar reňkli. Bedeniniň aşaky tarapy gowşak çypar ýokundyly. Döşi dikligine uzaýan garamtyl menekli. Aýaklary çal. Ýaşlary uly guşlara çalymdaş, ýöne üstki tarapy we garny çypar öwüşginli. Saýraýşy “dlin-dlin-kar-r-ra-kar-ra-beç-beç-wak-wak” we gykylygy pert – “çok-çok”. Ganatynyň uzynlygy – 75-103 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: ölçeginiň has uludygy bilen beýleki gamyşguşlardan, ganatlarynyň çalymtyl-çypardygy, garnynyň agymtyldygy we gözüniň üstüniň ak zolaklydygy bilen türküstan gamyşguşyndan ta-pawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän ýerleri giň. Demirgazyk-Günbatar Afrika, Ýewraziýa, oňa Kiçi, Orta we Merkezi Aziýa hem goşulýar. Türkmenistanda derýalaryň jülgelerinde, kölleriň, howdanlaryň we maýda suw ýataklarynyň gamyşly kenarýakalarynda.

Ýaşaýşy: uçup geçýän gornüş. Suw ýataklarynyň we derýalaryň gamyş jeňňelli kenarlaryny eýeleýär. Ýylgynlyk we gamyşlyk ýerlerde gizlenip gezýär. Mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: uçup geçende adaty görnüş.

Полевые признаки: величиной со скворца. **Верхняя сторона серо-коричневая, крылья и хвост бурые со светлыми каймами перьев**. Надбровная полоска бледно-рыжеватая. Низ тела беловатый со слабым рыжеватым налетом. На груди темные продольные пестрины. Ноги серые. Молодые похожи на взрослых, но верх и брюшко с рыжеватым оттенком. Песня – «длин-длин-кар-р-ра-кар-ра-беч-беч-вак-вак», и крик – резкое «чок-чок». Длина крыла – 75-103 мм.

Сходства – отличия: от других камышевок отличается заметно большим размером, а от туркестанской камышевки серовато-рыжими крыльями, светлым брюхом и белой полоской над глазом.

Распространение: область гнездования широкая – Северо-Западная Африка, Евразия, включая Малую, Среднюю и Центральную Азию. В Туркменистане – по речным долинам, берегам озер, водохранилищ и мелких водоемов с тростниковыми зарослями.

Образ жизни: пролетный вид. Населяет заросли тростников по берегам водоемов и рек. Держится скрытно в гребенщиках и тростниках. Питается насекомыми.

Статус: обычный на пролете вид.

### 302. Türküstan gamyşguşy – *Acrocephalus stentoreus* – Туркестанская камышевка

Meýdan alamatlary: serçeden has uly. **Bedeniniň üstki tarapy we guýrugy çalymtyl - ýaşylymtyl - goňur.** Ganatlarynyň ýelekleri agymtyl jähekli. Çüňki bilen gözüniň aralygy agymtyl zolakly. Aýaklary goýy çal reňkli. Ýaşlary uly guşlara meňzeş, ýöne böwürleri çypar ýokundyly. Saýraýşy köplenç jokjoky sesli gamyşguşyna çalymdaş, Gykylygy pert – “çek-çek”. Ganatynyň uzynlygy – 78-95 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: arkasynyň reňkiniň çalymtyl - ýaşylymtyl - goňurdygy, ak gaşynyň ýokdygy we ölçeginiň sähelçe maýdadygy bilen jokjoky sypatly gamyşguşyndan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Alynky we Orta Aziýa, Gazagystan, gündogara Gimalaý daglaryna çenli, Aziýanyň günorta bölegi. Orta Aziýanyň hemme ýerlerinde, Türkmenistanda gamyş jeňňelli derýalaryň jülgelerinde.

Ýaşaýşy: uçup geçýän we höwürtgeleýän guş. Ýazyna aprelden maý, güýzine – awgystdan oktýabr aralygynda uçup geçýär. Adatça gamyşly jeňňelliklerde gizlenip gezýär. Gamyşlaryň baldagynda höwürtge guryar. Maý-iýulda 3-5 sany goňur meneklije, ýaşylymtyl-ak ýumurtgalary goýýar, ölçegleri - 15.4-16.0 x 21.0-22.0 mm. Mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Полевые признаки: величиной больше воробья. **Верхняя сторона и хвост серо-зеленовато-бурые**. Перья крыльев со светлыми каймами. Светлая отметина между клювом и глазом. Ноги темно-серые. Молодые птицы похожи на взрослых, но на боках рыжеватый налет. Песня во многом схожа с дроздовидной камышевкой. Крик – резкое «чек-чек». Длина крыла – 78-95 мм.

Сходства – отличия: от дроздовидной камышевки отличается чуть меньшим размером, серо-зеленовато-бурой окраской спины и отсутствием белой брови.

Распространение: Передняя и Средняя Азия, Казахстан, на восток – до Гималаев, южная часть Азии. В Средней Азии повсеместно, в Туркменистане – по крупным и мелким речным долинам с зарослями тростника.

Образ жизни: пролетная и гнездящаяся птица. Весенний пролет с апреля по май, осенний – с августа по октябрь. Держатся, обычно, скрытно в зарослях тростников. Гнездо на стеблях тростника. Кладка из 3-5 зеленовато-белых с бурыми крапинками яиц, в мае - июле. Размеры – 15.4-16.0 x 21.0-22.0 мм. Питается насекомыми.

Statusy: adaty, höwürtgeleýän döwründe käbir ýerlerde köpsanly görnüş.

Статус: обычный, местами на гнездовье многочисленный вид.

### 303. Çekçeki – *Hippolais caligata* – **Северная,** или **малая бормотушка**

Meýdan alamatlary: serçeden kiçi ölçegli. **Bedeniniň üstki tarapy çalymtyl-goňur, ganatlary we guýrugy biraz garamtyl.** Gözüniň üstündäki gaşy agymtyl, sarymtyl -ak. Bedeniniň aşagy agymtyl, döşi we böwürleri goňur öwüşgünli. **Çüňki goýy goňur.** Aýaklary goňurrak-sarymtyl. Ýaş guşlaryň arka tarapy çypar öwüşginli, garny – çypar-sarymtyl ýokundyly. Böwürleri goňurrak. Gykylygy pert – "çrek -çrek". Ganatynyň uzynlygy – 55-64.5 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: ölçeginiň sähelçe uludygy we arkasynyň çalymtyl-goňur reňkilidigi bilen kiçi çekçekiden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi Ýewropanyň gündogar çäkleri we Günbatar Sibiriň günortasyny öz içine alýar. Orta Aziýada – düzlük we dagetek giňişlikleri. Türkmenistanda – demirgazyk we gündogar etraplar. Päkistanda, Hindistanda we Seýlonda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän guş. Ýazyna aprelden maý, güýzine – awgustdan oktýabr aralygynda uçup geçýär. Ýylgynlyk, sazaklyk ýerleri eýeleýär. Gyrymsylaryň şahalarynyň arasynda gizlenip gezýär. Höwürtgesini gyrymsyda guryar. Aprel-maý aýlarynda 4-6 sany gyzylymtyl-goňur menekli, gülgüne ýumurtgalary goýýar, ölçegleri - 12.2-13.3 x 14.7-16.4 mm. Mör-möjekler, olaryň liçinkalary we möýler bilen iýmitlenýär.

Statusy: adaty, käbir ýerlerde köpsanly görnüş.

Полевые признаки: размером меньше воробья. **Верх тела серовато-буроватый, крылья и хвост несколько темнее**. Над глазом светлая, сливочно-белая бровь. Низ тела беловатый, грудь и бока с буроватым оттенком. **Клюв темно-бурый**. Ноги буровато-желтоватые. У молодых птиц спинная сторона с рыжим оттенком, брюшная – с рыжевато-желтоватым налетом. Бока буроватые. Крик – резкое «чрэк-чрэк». Длина крыла – 55-64.5 мм.

Сходства – отличия: от южной бормотушки отличается чуть большим размером и серовато-бурой окраской спины.

Распространение: гнездовая часть ареала охватывает восточные области Европы и южные районы Западной Сибири. В Средней Азии – равнины и предгорья. В Туркменистане – северные и восточные районы. Зимуют в Пакистане, Индии и на Цейлоне.

Образ жизни: пролетная птица. Весенний пролет с апреля по май, осенний – с августа по октябрь. Населяет гребенщиковые заросли, саксаульники. Держится скрытно в кронах кустарников. Гнездо на кустах. Кладка из 4-6 розоватых с красно-коричневыми пятнами яиц, в апреле-мае. Размеры – 12.2-13.3 x 14.7-16.4 мм. Питается насекомыми и их личинками, пауками.

Статус: обычный, местами многочисленный вид.



### 304. Kiçi çekçeki – *Hippolais rama* – Южная бормотушка

Meýdan alamatlary: serçeden has maýda. **Bedeniniň üstki tarapy birmeňzeş açyk - goňur.** Gaşy edil çekçekiniňki ýaly melemtil-sarymtyl-ak, ýagty. Bokurdagy we garny agymtyl, döşi we böwürleri goňurrak öwüşginli. Çüňki goňurrak. Aýaklary goňurrak-sarymtyl. Ýaş guşlaryň arka tarapy çypar öwüşginli, garny – çyparrak-sarymtyl ýokundyly. Sesi pert – "çrek-çrek". Ganatynyň uzynlygy – 55-64.5 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: ölçeginiň sähelçe maýdadygy we **arkasynyň birmeňzeş açyk-goňur reňklidigi bilen çekçekiden tapawutlanýar.**

Ýaýran ýerleri: Gazagystanda we Orta Aziýada, şeýle-de Türkmenistanda höwürtgeleýär. Hindistanda, Päkistanda we Arabystanyň günorta-günbatarynda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän guş. Ýazyna aprel-maýda, güýzine – awgust-oktýabrda uçup geçýär. Derýalaryň jülgelerini we oazisleri, miweli we saýaly baglary, seýilgähleri eýeleýär. Jeňňelliklerde gizlenip gezýär. Gyrymsylarda höwürtgeleýär. 4-6 sany gyzylymtyl-goňur meneklije, gülgüne ýumurtgalary goýýar. Mör - möjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: adaty, käbir ýerlerde örän köpsanly görnüş.

Полевые признаки: значительно меньше воробья. **Верхняя сторона тела однотонно светло-буроватая**. Над глазом светлая, сливочно-белая бровь, как у северной бормотушки. Горло и брюшко беловатые, грудь и бока тела с буроватым оттенком. Клюв буроватый. Ноги буровато-желтоватые. У молодых птиц спинная сторона с рыжим оттенком, брюшная – с рыжевато-желтоватым налетом. Голос – резкое «чрэк-чрэк». Длина крыла – 55-64.5 мм.

Сходства – отличия: от северной бормотушки отличается чуть меньшим размером и **светло-бурой однотонной окраской спины**.

Распространение: гнездятся в Казахстане и Средней Азии, включая Туркменистан. Зимуют в Индии, Пакистане и на юго-западе Аравии.

Образ жизни: пролетная, гнездящаяся птица. Весенний пролет с апреля по май, осенний – с августа по октябрь. Населяет речные долины и оазисы, сады и парки. Держится скрытно в зарослях. Гнезда в кустах. Кладка из 4-6 розоватых с красно-коричневыми пятнами яиц. Питается насекомыми.

Статус: обычный, местами очень многочисленный вид.

### 305. Ýaşyl şygşygy – *Hippolais icterina* – Зеленая пересмешка

Meýdan alamatlary: serçeden kiçi ölçegli. **Bedeniniň üstki tarapy we kellesi çalymtyl-ýaşylymtyl.**

Полевые признаки: размером меньше воробья. **Верхняя сторона тела и головы серовато-зелено-**

Ganatlary goňur, ýelekleri çalymtyl-ýaşylymtyl jähekli, guýrugy insiz agymtyl jähekli çalymtyl-goňur. **Gaşy ýaşylymtyl-sary reňkli.** Aşak tarapy, bokurdagy, döşi we garny açyk ýaşylymtyl-sary. Aýaklary goýy goňur. Ýaş guşlaryň arkasy ýaşylymtyl-çal, garny–agymtyl-sarymtyl. Sesi batly – "wet-wet-wet", hüşgär wagty – "tse-tse-dedewin".

Meňzeşlikleri-tapawutlary: aldawaçlara çalymdaş, ýöne ölçegleriniň has uludygy bilen olardan tapawutlanýar; reňkiniň ýaşylymtyl we sarymtyl öwüşgini bilen çekçekilerden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi Ýewropanyň merkezi we gündogar çäklerini, Ural daglarynyň we Günbatar Sibiriň günorta böleklerini öz içine alýar, Eýranyň demirgazygynda gatyşyk tokaýlarda we Orta Aziýanyň günortasynda; uçup geçende, Türkmenistanda duşýar. Afrikada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän görnüş. Ýazyna aprel-maýda, güýzine – awgust-sentýabrda uçup geçýär. Uly derýalaryň agaçly we gyrymsyly jeňňelliklerinde, miweli we saýaly baglarda, seýilgählerde mekan tutýar. Agaçlaryň şahalarynyň arasynda gezýär. Mör-möjekler we möýler bilen iýmitlenýär.

Statusy: amatly şertli ýerlerde adaty görnüş.

**ватые**. Крылья бурые с серовато-зеленоватыми каемками перьев, а хвост серовато-бурый со светлыми узкими каемками. **Над глазом зеленовато-желтая бровь**. Нижняя сторона – горло, грудь и брюшко светло-зеленовато-желтые. Ноги темно-бурые. У молодых спина зеленовато-серая, а брюшко – беловато-желтоватое. Голос – обычно громкое «вет-вет-вет», при настороженности – «тце-тце-дедевин».

Сходства – отличия: похожа на пеночек, но от них отличается более крупными размерами, от бормотушек – зеленоватыми и желтоватыми тонами окраски.

Распространение: гнездовая часть ареала охватывает центральные и восточные области Европы, южные районы Урала и Западной Сибири, изолированно – в смешанных лесах на севере Ирана и юге Средней Азии, в Туркменистане на пролете. Зимуют в Африке.

Образ жизни: пролетный вид. Весенний пролет с апреля по май, и осенний – с августа по сентябрь. Населяет древесные насаждения и кустарниковые заросли крупных рек, садов и парков. Держатся в кронах деревьев. Питается насекомыми и пауками.

Статус: в подходящих местообитаниях обычный вид.

### 306. Solgun şygşygy – *Hippolais pallida* – Бледная пересмешка

Meýdan alamatlary: serçeden maýda. Arka tarapy açyk çalymtyl-goňur. **Gaşy çyparrak-agymtyl. Ganatlary we guýrugy goňurrak reňkli.** Bedeniniň aşagy kirlisräk-ak, böwürleri çyparrak ýokundyly.

Полевые признаки: размером меньше воробья. Спинная сторона светло-серовато-бурая. **Бровь рыжевато-беловатая. Крылья и хвост буроватые**. Низ тела грязно-беловатый с рыжеватым налетом



Çüňküniň düýbi ýaşyl, goňur reňkli. Aýaklary çal. Ýaş guşlaryň bedeninde sarymtyl öwüşgin agdyklyk edýär. Saýraýşy şowhunly birmeňzeş sesleriň toplumy. Çagyryş sesi pert – "çek-çek". Ganaty – 64-69 mm, agramy – 10-11 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: ölçeginiň kiçidigi we bedeniniň reňkiniň birmeňzeş agymtyldygy bilen uly şygşygydan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän ýerleri üzňe – Günbatar Ýewropanyň gunorta taraplary, Günorta-Günbatar Aziýa, Orta Aziýa we Türkmenistan hem goşulanda, Demirgazyk Afrika. Afrikada, Arabystanda we Päkistanyň günort-günbatar böleginde gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän we höwürtgeleýän guş. Aprel-maýda uçup geçýär, sentýabr-oktýabrda uçup gidýär. Derýalaryň jülgelerinde gyrymsyly jeňňellikleri, miweli we saýaly baglyklary, seýilgähleri, dag eňňitlerini eýeleýär, çöllüklerden hem gaça dyrmaýar. Gyrymsy agaçlarda höwürtge gurýar. 4-5 sany çalymyl we gyzyl meneklije, agymtyl-gülgüne ýumurtgalary goýýar, ölçegleri - 11.8-13.3 x 15.7-17.3 mm. Mör-möjekler we beýleki maýda oňurgasyzlar bilen iýmitlenýär.

Statusy: adaty, bizde doly öwrenilmedik diýen ýaly.

на боках. Основание клюва широкое, бурой окраски. Ноги серые. У молодых птиц на теле преобладает желтый оттенок. Песня – набор однообразных трескучих звуков. Позывка – резкое «чек-чек». Крыло – 64-69 мм, вес – 10-11 г.

Сходства – отличия: от большой бормотушки отличается меньшим размером и бледной однотонной окраской тела.

Распространение: область гнездования разобщена – южные районы Западной Европы, обширный регион Юго-Западной Азии, включая Среднюю Азию и Туркменистан, Северная Африка. Зимует в Африке, Аравии и в юго-западных районах Пакистана.

Образ жизни: пролетная и гнездящаяся птица. Пролет – в апреле-мае, отлет – в сентябре-октябре. Населяет кустарниковые заросли речных долин, в садах и парках, на горных склонах, не избегает пустынь. Гнездо устраивает на кусте. Кладка из 4-5 беловато-розоватых с серыми и красными пятнышками яиц. Размеры 11.8-13.3 х 15.7-17.3 мм. Питается насекомыми и другими мелкими беспозвоночными.

Статус: обычная, у нас мало изученная птица.

### 307. Uly şygşygy – *Hippolais languida* – Большая бормотушка

Meýdan alamatlary: serçe ölçeginde. **Bedeniniň arka tarapy melemtil - agymtyl - çal, kellesi-niň we boýnunyň gapdallary** ganatlary we guýrugy çalymtyl-goňur, ýelekleri agymtyl jähekli. **Guýrugynyň gapdal ýelekleriniň uçlary inli ak**

Полевые признаки: размером с воробья. **Верхняя сторона тела песочно-серая, бока головы и шеи серовато-бурые**. Крылья и хвост серовато-бурые со светлыми каймами перьев. **Боковые хвостовые перья с широкими белыми**

**jähekli.** Gaş üsti zolagy agymtyl we gysga. Aşaky tarapy ak, döşi gowşak goňurrak-çypar öwüşginli. Bedeniniň böwürleri, Çüňki goňurrak, aýaklary goňur reňkli. Ýaş guşlaryň arka tarapy çyparrak-çal, garny–çyparrak - ak. Saýraýşy birmeňzeş gaýtalanma –"tirwu-li-piwi", aglaba, beýleki guşlaryň seslerine öýkünmeler. Çagyryş sesi – pessaýja. Ganaty – 72.4-78.0 mm.

<u>Meňzeşlikleri-tapawutlary</u>: ölçegleriniň has uludygy bilen beýleki şygşygylardan tapawutlanýar.

<u>Ýaýran ýerleri:</u> Alynky we Orta Aziýada höwürtgeleýär. Türkmenistanda düzlük ýerlerde, şol sanda, uly derýalaryň jülgelerinde. Gündogar Afrikada we Arabystanyň günortasynda gyşlaýar.

<u>Ýaşaýşy:</u> uçup geçýän we höwürtgeleýän guş. Apreliň ikinji ýarymynda, güýzine – awgust-sentýabrda uçup geçýär. Sazaklyk, ýylgynlyk ýerlerde, ýek-tük pisse tokaýlarynda mekan tutýar. Ýekelikde ýa-da jübüt bolup, agaçlaryň we gyrymsylaryň üstünde gezýär. Gyrymsylarda ýa-da agaçlaryň üstünde höwürtge gurýar. Maý-iýunda 3-5 sany çalymtyl we garamtyl meneklije, gülgüne ýumurtgalary goýýar, ölçegleri - 12.8-14.0 x 17.3-18.9 mm. Mör - möjekler, olaryň ýumurtgalary we liçinkalary bilen iýmitlenýär.

<u>Statusy:</u> amatly şertli ýerlerde adaty görnüş.

**каемками на концах**. Надбровные полоски беловатые, короткие. Низ белый со слабым буровато-рыжеватым оттенком на груди. Бока тела буроватые. Клюв буроватый, ноги бурые. У молодых спинная сторона рыжевато-серая, а брюшная – рыжевато-беловатая. Песня – однообразное повторение «тирвули-пиви», часто подражает голосам других птиц. Позывка – негромкое потрескивание. Крыло – 72.4-78 мм.

<u>Сходства – отличия</u>: от других бормотушек отличается более крупными размерами.

<u>Распространение</u>: гнездится в Передней и Средней Азии. В Туркменистане – равнинные районы, включая долины крупных рек. Зимует в Восточной Африке и на юге Аравии.

<u>Образ жизни</u>: пролетная и гнездящаяся птица. Пролет во второй половине апреля, осенью – в августе-сентябре. Населяет саксаульники, гребенщиковые заросли, частично фисташковые рощи. Держится в одиночку или парами в кронах деревьев и кустарников. Гнездо устраивает на кусте или дереве. Кладка из 3-5 розоватых с серыми и черноватыми пятнышками яиц, в мае-июне, размеры – 12.8-14 x 17.3-18.9 мм. Питается насекомыми, их яйцами и личинками.

<u>Статус</u>: в подходящих местообитаниях обычный вид.

### 308. Gyrgypisintli çürlentgi – *Sylvia nisoria* – Ястребиная славка

<u>Meýdan alamatlary:</u> serçeden sähelçe kiçi. **Bedeniniň üsti külreňk-çal. Ganatlary we guýrugy goňurrak-çal, ýelekleriniň uçlary ak gaýmaly. Aşaky tarapy ak**, ýelekleriniň agymtyl we garamtyl uçlaryndan emele gelen kese nagyşly. Mäkiýanlary we ýaş guşlar açyk reňkli – çalymtyl-goňur, diňe bedeniniň böwürleri çalymtyl kese nagyşly. **Gözleri sary.** Aýaklary çalymtyl-ak. Ýekelikde agaçlaryň ýa-da gür şahalanan gyrymsylaryň üstünde gezýär. Saýraýşy sesli sykylyklaryň toplumy. Gykylygy pert – "çek-çek". Ganaty – 80-90 mm.

<u>Meňzeşlikleri-tapawutlary</u>: bedeniniň aşaky tarapynyň kese-aladygy bilen beýleki çürlentgilerden tapawutlanýar.

<u>Ýaýran ýerleri:</u> höwürtgeleýän ýerleri – Günbatar Ýewropa, Eýran, Owganystan, Günbatar Hy-taý we Mongoliýa, Orta Aziýa we Gazagystanyň günortasy. Türkmenistanda uçup geçende daglyk, şeýlede düzlüklere, jülgelere we oazislere çekilýär. Arabystanyň we Afrikanyň gündogar taraplarynda gyşlaýar.

<u>Ýaşaýşy:</u> uçup geçýän görnüş, ýazyna aprelde, güýzine – awgust we sentýabrda uçup geçýär. Migrasiýa döwründe çöllükleriň, derýalaryň jülgeleriniň, dag eteginiň gyrymsylyklarynda saklanýar. Mör-möjekler, seýrek ösümlikleriň tohumlary we miweleri bilen iýmitlenýär.

<u>Statusy:</u> az sanly, käbir ýerlerde adaty guş.

<u>Полевые признаки</u>: несколько меньше воробья. **Верхняя сторона пепельно-серая. Крылья и хвост буровато-серые, на концах с белыми каемками перьев. Низ белый с поперечным рисунком**, образованным светлыми и темными концами перьев. Самки и молодые птицы светлее – серовато-бурые, поперечный серый рисунок только на боках тела. **Глаза желтые**. Ноги серовато-белые. Держится в одиночку в кронах деревьев или в густой части кустарников. Песня – набор громких свистов. Крик – резкое «чек-чек». Крыло – 80-90 мм.

<u>Сходства – отличия</u>: от других славок отличается поперечно-полосатой нижней стороной тела.

<u>Распространение</u>: область гнездования – Западная Европа, Иран, Афганистан, Западный Китай и Монголия, Средняя Азия и юг Казахстана. В Туркменистане на пролете как в горах, так и на равнинах, тяготеет к долинам и оазисам. Зимуют в Аравии и восточных районах Африки.

<u>Образ жизни</u>: пролетный вид, весенний пролет в апреле, осенний – августе и сентябре. В период миграции в пустынях придерживается кустарниковых зарослей в речных долинах, предгорьях. Питается, в основном, насекомыми, редко поедает семена и плоды.

<u>Статус</u>: немногочисленная, местами обычная птица.

### 309. Saýrak çürlentgi – *Sylvia hortensis* – Певчая славка

<u>Meýdan alamatlary:</u> serçe ululykda. Horazynyň üstki tarapy külreňk-çal, **"telpejigi" we kellesiniň gapdallary tutuk gara.** Ganatlary çalymtyl-garamtyl, ýelekleri agymtyl jähekli. Guýrugynyň ortasyndaky ýelekleri garamtyl, gyralaryndaky – ak. Aşaky

<u>Полевые признаки</u>: размером с воробья. Клюв крупный. У самца верхняя сторона пепельно-серая, "**шапочка" и бока головы матово-черные**. Крылья серо-черноватые со светлыми каемками перьев. Средние перья на хвосте черно-

tarapy agymtyl. Döşi we böwürleri ýeňiljek çyparrak ýokundyly çalymtyl. Mäkiýanynyň bedeniniň üstki tarapy kellesiniň reňki bilen birmeňzeş. Ýaşlary mäkiýan guşlara meňzeş, ýöne olaryň üstki tarapy goňurrak, guýrugy çalymtylrak. Ýaşy ýeten guşlaryň gözleri agymtyl, ýaşlaryňky garamtyl. Aýaklary garamtylrak. Saýraýşy sazlaşykly sykylyklaryň toplumy. Çagyryş sesi pert – "çer-çer". Ganaty – 75-84 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: kellesiniň gapdallarynyň garadygy we guýrugyndaky ak zolaklary, şeýle-de ölçeginiň mese-mälim uludygy bilen beýleki çürlentgilerden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi Günorta Ýewropany, Ortaýer deňzini, Zakawkaziýany, Alynky Aziýany we Orta Aziýanyň günorta çäklerini, şol sanda Türkmenistanda Köpetdagy, Bathyzyň daglyk bölegini, Köýtendagy öz içine alýar. Merkezi Afrikada, Arabystanda we Hindistanda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän we höwürtgeleýän guş. Ýazyna aprel-maýda, güýzine – sentýabr-oktýabrda uçup geçýär. Daglardaky derýalaryň we dereleriň gyrymsyly ýerlerini eýeleýär. Agaçlaryň we gyrymsylaryň üstinde örän çakganlyk bilen gezýär. Gyrymsylarda höwürtge gurýar. 4-6 sany çalymtyl meneklije, ýaşylymtyl-ak ýumurtgalary goýýar, ölçegleri - 14.6-16.7 x 19.1-23.4 mm. Mör-möjekler we olaryň liçinkalary bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sanly, käbir ýerlerde adaty guş.

ватые, а крайние – белые. Низ светлый. Грудь и бока сероватые с легким рыжеватым налетом. У самки цвет головы одинаков с цветом верха тела. Молодые похожи на самок, но верх у них бурее, хвост серее. Глаза у взрослых светлые, у молодых – темные. Ноги черноватые. Песня – набор звучных свистов. Позывка – резкое «чер-чер». Крыло – 75-84 мм.

Сходства – отличия: от других славок отличается черными боками головы и белыми полосками на хвосте, а также заметно крупным размером.

Распространение: гнездовая часть ареала охватывает Южную Европу, Средиземноморье, Закавказье, Переднюю и южные районы Средней Азии, в том числе Туркменистан, где обитает в горах Балханы, Копетдаг, горной части Бадхыза, Койтендаге. Зимует в Центральной Африке, Аравии и Индостане.

Образ жизни: пролетная и гнездящаяся птица. Весенний пролет в апреле-мае, осенний – сентябре-октябре. Населяет кустарниковые заросли горных речек и ущелий. Держится на деревьях и кустах, подвижная птичка. Гнездо помещается на кусте. Кладка из 4-6 зеленовато-белых с серыми пятнами яиц, размеры – 14.6-16.7 х 19.1-23.4 мм. Питается насекомыми и их личинками.

Статус: немногочисленная, местами обычная птица.

### 310. Owazçy çürlentgi – *Sylvia curruca* – Славка-завирушка

Meýdan alamatlary: serçeden biraz maýda ölçegli. **Bedeniniň üstki**

Полевые признаки: размером несколько мельче воробья. **Верх-**



**tarapy çalymtyl-goňur, ýöne kellesi açyk çal, gulaklarynyň töweregi goýy çal.** Bokurdagy ak. Aşak tarapy agymtyl, böwürleri agymtyl-goňur. Aýaklary goýy çal. Mäkiýanlary horazlaryna meňzeş, ýöne garyn tarapy has çalymtyl. Saýraýşy jikgildileriň toplumy – "kle-kle-kle-kle". Çagyryş sesi pert – "çek-çek". Ganaty – 58-69 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: çal çürlentgä çalymdaş, ýöne guýrugynyň has gysgadygy, ölçegleriniň maýdadygy, aýaklarynyň garamtyldygy we ganatlarynda çypar reňkiň ýokdygy bilen ondan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi Günbatar we Gündogar Ýewropa, Kiçi, Alynky, Ortaky we Merkezi Aziýa, Gazagystan we Sibir (onuň demirgazyk welaýatlaryndan başgalarynda). Orta Aziýada we Türkmenistanda daglyk ýerlerde ýaýran, ýöne aglaba düzlüklerde duşýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän, günortada ýek-täk gyşlaýan görnüş. Ýazyna martyň soňunda, güýzine – awgystyň ortasynda uçup geçýär. Derýalaryň jülgelerindäki, suw ýataklarynyň ýakalaryndaky sazaklyk, ýylgynlyk tokaýlarda ýaşaýar. Gyrymsylaryň ýa-da agaçlaryň şahalarynyň arasynda çakganlyk bilen gezýär. Gyrymsylarda höwürtge gurýar. Maý-iýunda 4-6 sany garamtyl meneklije, çalymtyl-ak ýumurtgalary goýýar, ölçegleri - 11.4-12.8 x 14.9-27 mm. Mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: adaty guş.

**няя сторона серовато-бурая, но голова светло-серая, а область уха – темно-серая**. **Горло белое**. Низ беловатый, бока бледно-буроватые. Ноги темно-серые. Самка сходна с самцом, но нижняя сторона более серая. Песня – набор щебетаний, вроде «кле-кле-кле-кле». Позывка – резкое «чек-чек». Крыло – 58-69 мм.

Сходства – отличия: похожа на серую славку, но отличается более коротким хвостом, мелкими размерами, темными ногами и отсутствием рыжего цвета на крыльях.

Распространение: гнездовая часть ареала – Западная и Восточная Европа, Малая, Передняя, Средняя и Центральная Азия, Казахстан и Сибирь (кроме северных ее областей). В Средней Азии и Туркменистане широко, в горах, но больше на равнинах. Зимует в Индии, Центральной и Восточной Африке.

Образ жизни: пролетный, гнездящийся вид, некоторые особи зимуют не юге страны. Весенний пролет с конца марта, осенний – с середины августа. Населяет кустарниковые саксауловые заросли, гребенщики по речным долинам и водоемам. Подвижная птица, держится в кустарниках или кронах деревьев. Гнездо строит на кусте. Кладка из 4-6 серовато-белых с темными пятнами яиц, в мае – июне. Размеры яиц – 11.4-12.8 х 14.9-17 мм. Питается насекомыми.

Статус: обычная птица.

### 311. Çal çürlentgi – *Sylvia communis* – Серая славка

Meýdan alamatlary: serçeden sähelçe kiçi. Horazynyň **arkasy,**

Полевые признаки: размером чуть мельче воробья. У самца **спи-**

**eginleri we guýrugy goýy goňur, kellesiniň üsti we gapdallary agymtyl-çal. Ganatlary çypar, ýelekleriniň ortasy garamtyl.** Ganat ýelekleriniň jähekleri çypar we inli. Aşaky tarapy agymtyl, döşi we böwürleri gowşak gülgüne-çyparrak öwüşginli. Aýaklary goňurrak. Mäkiýanlary horazlaryna meňzeş, ýöne üstki tarapy tutuşlaýyn birmeňzeş goňur. Ýaş guşlaryň üstki tarapy çyparrak-goňur. Saýraýşy jikgildileriň toplumy, "tirliýe-witýurli-çet-çet-titirli". Çagyryş sesi batly – "çek-çek". Ganaty – 65-78 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: goňurrak-çypar ganatlary bilen owazçy çürlentgiden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi Ýewropany, demirgazyk oblastlaryndan başgagalaryny, Kiçi, Alynky we Orta Aziýany, Gazagystany, Günbatar we Orta Sibiri öz içine alýar. Orta Aziýada we Türkmenistanda – düzlüklerde we daglarda giňişleýin gabat gelýär.

Ýaşaýşy: uçup geçýän we höwürtgeleýän görnüş. Ýazyna apreliň ortasyndan, güýzine – awgystyň ortasyndan sentýabrda uçup geçýär. Gyrymsylaryň gür pugdaklarynyň arasynda gezýär. Uçup geçende derýalaryň jülgelerine, dag eteklerine we derelerine çekilýär. Mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: adaty guş

**на, плечи и хвост темно-бурые, голова сверху и по бокам бледно-серая. Крылья рыжие с темными центрами перьев**. Окаймления перьев крыла рыжие и широкие. Низ беловатый, на груди и боках слабый розовато-рыжеватый оттенок. Ноги буроватые. Самки сходны с самцами, но весь верх однотонно бурый. У молодых птиц верхняя сторона рыжевато-бурая. Песня – набор щебетаний, слышится как «тирлие-витюрли-чет-чет-титирли». Позывка – громкое «чек-чек». Крыло – 65-78 мм.

Сходства – отличия: от славки-завирушки отличается буро-рыжими крыльями.

Распространение: гнездовая часть ареала охватывает Европу, кроме северных областей, Малую, Переднюю и Среднюю Азию, Казахстан, Западную и Среднюю Симбирь. В Средней Азии и Туркменистане встречается широко – на равнинах и в горах.

Образ жизни: пролетный, гнездящийся вид. Весенний пролет с середины апреля, осенний – с середины августа по сентябрь. Держится в гуще кустов. На пролете тяготеет к долинам рек, предгорьям и горным ущельям, на гнездовье – в горах. Питается насекомыми.

Статус: обычная птица.

### 312. Bag çürlentgisi – *Sylvia borin* – Садовая славка

Meýdan alamatlary: serçeden biraz kiçi ölçegli. **Bedeniniň üstki tarapy, ganatlary we guýrugy ýaşylymtyl-çal öwüşginli çalymtyl-goňur.** Ganatlaryndaky ýelekleriniň uçlary agymtyl insiz jähekli. **Boýnunyň gapdallary külrek-çal tegmilli.** Aşaky tarapy çalymtyl-ak, döşi we böwürleri çalymtyl-çypar ýokundyly. Aýaklary çal, çüňki goýy goňur. Mäkiýanlary horazlaryna meňzeş, ýöne açyk reňkli. Ýaşlary uly guşlary ýatladýar, ýöne olaryň böwürleri çyparrak. Saýraýşy jyrryldama sesleriň toplumy. Gykylygy pert –"çek-çek". Ganatynyň uzynlygy – 75-85 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: birmeňzeş çalymtyl - goňur reňki we boýnydaky külreňk-çal tegmilleri bilen beýleki çürlentgilerden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi Ýewropany we Aziýany öz içine alýar. Orta Aziýada we Türkmenistanda dürli landşaftlarda gabat gelýär. Afrikanyň günorta böleginde gyşlaýr.

Ýaşaýşy: uçup geçýän görnüş. Ýazyna aprelde, güýzine – awgystyň soňunda we sentýabrda uçup geçýär. Düzlükleriň, daglyklaryň we oazisleriň gyrymsy tokaýlarynda saklanýar. Mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: seýrek, bizde gowşak öwrenilen guş.

Полевые признаки: размер несколько мельче воробья. **Верхняя сторона тела, крылья и хвост серовато-бурые с зеленовато-серым оттенком**. Перья крыльев с узкими светлыми каймами на концах. **По бокам шеи пепельно-серые пятна.** Низ серовато-белый, на груди и боках серовато-рыжеватый налет. Ноги серые, **клюв темно-бурый**. Самки похожи на самцов, но светлее. Молодые птицы напоминают взрослых, но с рыжеватыми боками. Песня – набор журчащих трелей. Крик – резкое «чек-чек». Длина крыла – 75-85 мм.

Сходства – отличия: от других славок отличается однотонной серовато-бурой окраской и пепельно-серыми пятнами на шее.

Распространение: гнездовая часть ареала охватывает Европу и Азию. В Средней Азии и Туркменистане встречается в различных ландшафтах. Зимует в южной половине Африки.

Образ жизни: пролетный вид. Весенний пролет в апреле, осенний – с конца августа и в сентябре. Придерживаются зарослей кустарников на равнинах, в горах и оазисах. Питаются насекомыми.

Статус: редкая, слабо изученная у нас птица.

### 313. Garabaşly çürlentgi – *Sylvia atricapilla* – Черноголовая славка

Meýdan alamatlary: serçeden biraz kiçi ölçegli. Bedeniniň üstki tarapy we ganatlary goýy ýaşylymyl-çal. **Maňlaýy we depesi gara ("telpejik"), ýeňsesi we boýny külrek-çal.** Ganatlary we guýrugy goňur. Aşaky tarapy külreňk-çal, bokurdagy we garny agymtyl. Aýaklary çal, çüňki goýy çal. **Mäkiýan guşuň "telpejigi" çypar reňkli.** Ýaşlary mäkiýanlaryna çalymdaş, ýöne "telpejigi" has çypar. Saýraýşy tüýdigiň sygyrma sesleriniň toplumy. Gykylygy pert – "çek-çek".

Полевые признаки: размером несколько мельче воробья. Верхняя сторона и крылья темно-зеленовато-серые. **Лоб и темя черное («шапочка»), затылок и шея пепельно-серые**. Крылья и хвост бурые. Низ пепельно-серый, горло и брюшко светлее. Ноги серые, клюв темно-серый. **У самки "шапочка" рыжеватая**. Молодые похожи на самку, но шапочка более рыжая. Песня – набор звучных флейтовых свистов. Крик – резкое «чек-чек».

Ganatynyň uzynlygy – 70-76 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: "telpejiginiň" garadygy we kellesiniň gapdallarynyň çaldygy bilen saýrak çürlentgiden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Ýewropadan Günorta - Gündaogar Aziýada çenli. Orta Aziýada we Türkmenistanda dürli landşaftlarda gabat gelýär.

Ýaşaýşy: uçup geçýän guş. Ýazyna aprelde – maýyň başynda, güýzine – awgystyň aýagyndan-sentýabrda uçup geçýär. Dag eteklerinde, agaçly we gyrymsyly dag derelerinde we oazislerde gabat gelýär. Gyrymsylaryň we agaçlaryň pudaklarynyň arasynda gezýär. Mör-möjekler bilen iýmitlenýar.

Statusy: seýrek, bizde gowşak öwrenilen guş.

Длина крыла – 70-76 мм.

Сходства – отличия: от певчей славки отличается черной "шапочкой" и серыми боками головы.

Распространение: от Европы до Юго-Восточной Азии. В Средней Азии и Туркменистане встречается в различных ландшафтах.

Образ жизни: пролетная птица. Весенний пролет в апреле-начале мае, осенний – с конца августа и в сентябре. Встречаются в предгорьях, горных ущельях с зарослями деревьев и кустарников, оазисах. Держатся среди листвы кустарников и деревьев. Насекомоядная птица.

Статус: редкий, слабо изученный у нас вид.

### 314. Dag çürlentgisi – *Sylvia althaea* – Горная славка

Meýdan alamatlary: serçeden biraz kiçi ölçegli. **Bedeniniň üstki tarapy we kellesi** ýeňiljek goňur öwüşginli **goýy çal.** Ganatlary çalymtyl-goňur, ýelekleri agymtyl jähekli. **Guýrugynyň çetki ýelekleri ak.** Aşaky tarapy ak, böwürleri goňurrak-çal ýokundyly. Aýaklary goýy çal. Mäkiýany horazlaryna çalymdaş, ýöne birneme açyk reňkli. Ýaşlary uly guşlary ýatladýar, ýöne goňurrak. Saýraýşy jyrryldama sesleriň toplumy. Gykylygy pert – "çek-çek". Ganatynyň uzynlygy – 64-71 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: birmeňzeş çal reňki bilen beýleki çürlentgilerden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Orta Aziýanyň, Türkmenistany hem goşulanda günorta böleginiň daglary.

Ýaşaýşy: uçup geçýän guş, onuň höwürtgeleýän bolmagy hem mümkin (Uly Balkan, Köpetdag). Ýazyna aprelde, güýzine – sentýabrda uçup geçýär. Jülgeleriň gür ösen gyrymsy ösümlikli jeňňelli ýerlerinde mekan tutýar. Ýekelikde, käte jübüt bolup gezýär. Mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: seýrek we bizde ýeterlik öwreniledik guş.

Полевые признаки: размером несколько мельче воробья. **Верхняя сторона тела и головы темно-серые** с легким буроватым оттенком. Крылья серовато-бурые со светлыми каемками перьев. **Крайние перья хвоста белые**. Низ белый с буровато-серым налетом на боках. Ноги темно-серые. Самка похожа на самцов, но несколько светлее. Молодые напоминают взрослых, но буровее. Песня – набор журчащих трелей. Крик – резкое «чек-чек». Длина крыла – 64-71 мм.

Сходства – отличия: от других славок отличается однотонной серой окраской верха.

Распространение: горы южных частей Средней Азии, включая Туркменистан.

Образ жизни: пролетная, гнездящаяся (Большие Балханы, Копетдаг, Койтендаг) птица. Весенний пролет в апреле, осенний – в сентябре. Населяют густо заросшие ущелья с кустарниковой растительностью. Держатся в одиночку, иногда парами. Питается насекомыми.

Статус: редкая и недостаточно изученная у нас птица.

### 315. Akmurtly çürlentgi – *Sylvia mystacea* – Белоусая славка

Meýdan alamatlary: serçeden biraz kiçi ölçegli. Bedeniniň üstki tarapy, ganatlary we guýrugy çal. **Horazynyň kellesi, duluklary we gulagyna ýanaşyk ýerleri çalymtyl-gara.** Ganatlarynyň we guýrugynyň ýelekleri insiz ýagty jähekli. **Agyz kesiminiň burçundan başlap, boýnynyň gapdalyndan ak zolak gidýär - "murty".** Aşaky tarapy agymtyl, döşi we bedeniniň böwürleri gülgüne-çypar. Aýaklary açyk goňur. Mäkiýanlarynyň we ýaşlarynyň üstki taraplary birmeňzeş goňurrak-çal, aşagy – agymtyl. Guýrugyny saga-sola ýygy-ýygydan çaýkamak endigikli. Saýraýşy gysga jikgildili owazlar. Gykylyk sesli güýçli – "çerrr". Ganatynyň uzynlygy – 56-63 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: ak "murty" bilen beýleki çürlentgilerden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Ortaýer deňzi, Alynky Aziýa. Orta Aziýada we Türkmenistanda dürli şertlerde duşýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän görnüş. Ýazyna martyň ortasyndan, güýzine – awgustdan sentýabryň ortasyna çenli uçup geçýär. Daglaryň aşaky guşaklygynda, dag eteklerinde, oazislerde, derýalaryň jülgelerinde ýaşaýar,

Полевые признаки: размером несколько мельче воробья. Верхняя сторона тела, крылья и хвост серые. **У самца голова, щеки и область уха серовато-черные**. Крылья и хвост с узкими светлыми каемками перьев. **От углов рта по бокам шеи идут белые полосы – «усы»**. Низ беловатый, **грудь и бока тела розовато-рыжеватые**. Ноги светло-буроватые. У самок и молодых верх однообразно буровато-серый, низ беловатый. Характерно частое покачивание хвостом из стороны в сторону. Песня – короткая щебечущая трель. Крик – громкое «черрр». Длина крыла – 56-63 мм.

Сходства – отличия: от других славок отличается белыми «усами».

Распространение: Средиземноморье, Передняя Азия. В Средней Азии и Туркменистане встречается широко в различных местообитаниях.

Образ жизни: пролетный, гнездящийся вид. Весенний пролет с середины марта, осенний – с августа до середины сентября. Обитает в нижнем поясе гор, предгорьях, оазисах, речных долинах, не избегает пустынь, особенно черносаксаульников. Всюду придерживаются дре-

çöllüklerde, aýratyn-da gara sazaklyklarda hem duşýar. Hemme ýerde agaç-gyrymsy agaçly ýerlerde saklanýar we hem höwürtgeleýär. Maý-iýunda 4-5 sany gülgüne öwüşginli we garamtyl meneklije ak ýumurtgalary goýýar, ölçegleri – 12.8-14.0 x 15.3-17.4 mm. Mörmöjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sanly, käbir ýerlerde adaty guş.

весно-кустарниковых участков, где и гнездятся. Кладка из 4-5 белых с розоватым оттенком и темными пятнышками яиц, в мае-июне, размеры – 12.8-14 x 15.3-17.4 мм. Питается насекомыми.

Статус: немногочисленная, местами обычная птица.

### 316. Çöl çürlentgisi – *Sylvia nana* – Пустынная славка

Meýdan alamatlary: serçeden biraz kiçi ölçegli. **Bedeniniň üstki tarapy birmeňzeş melemtil-agymtyl - goňurrak, guýrugynyň üsti çyparrak.** Çypar guýrugynyň çetki ýelekleri ak. Ganatlarynyň ýeleklerinde insiz agymtyl jähekleri bolýar. Bedeniniň aşagy agymtyl, böwürleri çyparrak reňkde. Aýaklary açyk goňur. Çüňki sarymtyl-çal. Ýaşlary ulularyna meňzeş, ýöne has çyparrak, bokurdagy we garnynyň ortasy agymtyl. Gözleri açyk reňkli. Saýraýşy jyňňyrdawukly – “tiri-titýu-týu-týutýuýu”. Gykylygy – pessaýja jyrryldy. Ganatynyň uzynlygy – 55-61 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary:üstki tarapynyň birmeňzeş çägesypat reňki bilen beýleki çürlentgilerden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Demirgazyk Afrikanyň, Merkezi we Orta Aziýanyň, şol sanda Türkmenistanyň çölleri.

Ýaşaýaşy: uçup geçýän we höwürtgeleýän guş. Ýazyna martyň soňunda uçup gelýär, oktýabr aýynda uçup gidýär. Çöllükleriň sazakly we beýleki gyrymsy agaçly ýerlerinde ýaşýaýar. Gyrymsylaryň üstünde çakganlyk bilen gezýär, şol ýerde hem höwürtgeleýär. Aprel-

Полевые признаки: размером несколько мельче воробья. **Верхняя сторона однотонно песочно-буроватая с рыжеватым надхвостьем**. **Крайние перья рыжего хвоста белые**. Крылья имеют узкие светлые каймы на перьях. Низ беловатый с рыжеватыми боками тела. Ноги светло-буроватые. Клюв желтовато-серый. Молодые похожи на взрослых птиц, но более рыжие, горло и середина брюшка заметно белее. Глаза светлые. Песня – звенящее «тири-титю-тю-тютюю». Крик – негромкий, трещание. Длина крыла – 55-61 мм.

Сходства – отличия: от других славок отличается однотонной песочной окраской верха.

Распространение: пустыни Северной Африки, Центральной и Средней Азии, в том числе и Туркменистана.

Образ жизни: пролетная и гнездящаяся птица. Весенний пролет в конце марта, отлетает – в октябре. Населяют саксаульники и другие подходящие участки кустарниковой пустыни. Держатся на различных кустах, очень подвижная птичка, гнездится также на кустах.



maýda 4-6 sany goňurrak meneklije ak ýumurtgalary goýýar, ölçegleri – 11.1-12.8 x 14.6-17.9 mm. Mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sanly, uçup geçende adaty guş.

Кладка из 4-6 белых с буроватыми крапинками яиц, в апреле-мае, размеры – 11.1-12.8 x 14.6-17.9 мм. Питается насекомыми.

Статус: немногочисленная, на пролете обычная птица.

### 317. Ýaşyl aldawaç – *Phylloscopus trochiloides* – Зеленая пеночка

Meýdan alamatlary: serçeden ölçegi has kiçi. Bedeniniň üstki tarapy çalymtyl ýaşyl. **Ganatynda kese ak zolak aýdyň görünýär. Ganatlary we guýrugy goňur, ýelekleri ýaşylymtyl jähekli. Gaşy ýaşylymtyl öwüşginli agymtyl.** Aşaky tarapy sarymtyl menekli agymtyl. Aýaklary açyk goňur we çüňki göýy goňur reňkli. Ýaş guşlaryň gaşy ýaşylymtylak, aşak tarapy – ýaşylymtyl-çyparrak. Saýraýşy batly – “ti-psitýu-psitýupsi-ti-ti-ti-psi”. Gykylygy – “pii” ýa-da “psýuýl” pessaýja sykylyk. Ganatynyň uzynlygy – 54-68 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: ganatyndaky bir ýagty zolagy bilen beýleki aldawaçlardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Ýewropa we Aziýa. Orta Aziýanyň daglarynda we Türkmenistanda duşýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän görnüş. Ýazyna aprelde, sentýabrda-oktýabrda uçup geçýär. Gyrymsy çöllükde, derýalaryň jülgelerinde, oazislerde (baglyklarda we seýilgählerde) duşýar. Adatça ýekelikde agaçlaryň we gyrymsylaryň şahalarynyň arasynda gezýär. Mörmöjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: seýrek, käbir ýerlerde adaty guş.

Полевые признаки: размером значительно мельче воробья. Верхняя сторона серовато-зеленая. **Поперек крыла белая выделяющаяся полоска. Крылья и хвост бурые с зелеными каймами перьев. Бровь беловатая с зеленым оттенком**. Низ беловатый с желтоватыми пестринами. Ноги светло-буроватые, клюв темно-бурый. У молодых птиц бровь зеленовато-белая, а низ зеленовато-рыжеватый. Песня – громкая «ти-пситю-пситю-пси-ти-ти-ти-пси». Крик – негромкий свист «пии» или «псюйль» Длина крыла – 54-68 мм.

Сходства – отличия: от других пеночек отличается одной светлой полоской на крыле.

Распространение: Европа и Азия. В горах Средней Азии, в Туркменистане встречается широко в различных местообитаниях.

Образ жизни: пролетный вид. Весенний пролет в апреле, осенний – в сентябре-октябре. Попадается в кустарниковой пустыне, речных долинах, оазисах (в садах и парках). Держатся обычно в одиночку в кронах деревьев и кустарников. Питаются насекомыми.

Статус: редкая, местами обычная птица.

### 318. Şapak aldawajy – *Phylloscopus inornatus* – Пеночка-зарничка

Meýdan alamatlary: serçeden has maýda ölçegli. Üstki tarapy

Полевые признаки: размером значительно мельче воробья. Верх-

çalym-tylrak, çalymtyl - ýaşylymtyl - goňur öwüşginli. **Ganatlary kese iki sany inli ýagty zolakly. Gaşy anyk görünýan ýagty-sary. Gözüniň üsti insiz gara zolakly.** Aşaky tarapy sarymtyl çyparrak ýokundyly. Aýaklary açyk-goňur, çüňki goňur. Saýraýşy sesli "ti-psitýu- psitýu-psi-ti-ti-psi". Gykylygy – pessaýja sykylyk "pii" ýa-da "psýuýl". Ganatlarynyň uzynlygy - 51-61 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: ganatlaryndaky iki sany inli ýagty zolagy bilen beýleki aldawaçlardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Sibir, Gimalaý daglarynyň günortasyna çenli we Günorta Hytaý. Orta Aziýanyň daglyk ýerleri, Türkmenistanda esasan gündogar etraplarynda gabat gelýär. (Amyderýa).

Ýaşaýyşy: uçup geçýän görnüş. Ýazyna martda, güýzine – oktýabrda uçup geçýär. Derýalaryň jülgelerinde, saýaly baglyklarda, tokay-seýilgäh zolaklarynda, beýleki ýerlerde saklanmagy mümkin. Mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: seýrek duşýan guş.

---

**319.** *Bellik:* Köýtendagda we Amyderýanyň ýokarky akymynyň käbir ýerlerinden uçup geçýän döwründe **dag şapakçysynyň – *Phylloscopus humei*** duşmagy ahmal, ol şapakçy aldawaja örän meňzeş, emma onuň üsti goňurrak, aýratyn-da kellesi, ýelek örtügi tutuşlygyna, aýratyn-da ganatlaryndaky zolaklary has öçügsi.

няя сторона сероватая с серо-зеленовато-бурым оттенком. **Поперек крыла две широкие светлые полосы. Бровь светло-желтая, хорошо заметная. Через глаз узкая черная полоска**. Низ беловатый с желтовато-рыжим налетом. Ноги светло-бурые, клюв бурый. Песня – громкая «ти-пситю-пситю-пси-ти-ти-ти-пси». Крик – негромкий свист «пии» или «псюйль». Длина крыла – 51-61 мм.

Сходства – отличия: от других пеночек отличается двумя светлыми широкими полосками на крыле.

Распространение: Сибирь, к югу до Гималаев и Южного Китая. Горные области Средней Азии, в Туркменистане, в основном, в восточных районах (Амударья).

Образ жизни: пролетный вид. Весенний пролет в марте, осенний – в октябре. Населяют речные долины, сады, лесопосадки, может встречаться и в других местах. Питаются насекомыми.

Статус: редкая птица.

---

**319.** *Примечание:* не исключено, что в Койтендаге и местами по верхней Амударье на пролетах может попадаться **горная** или **тусклая зарничка – *Phylloscopus humei*,** которая очень схожа с пеночкой-зарничкой, но верх буроватый, особенно на голове, оперение в целом и особенно полоски на крыльях более тусклые.

### 320. Hindi aldawajy – *Phylloscopus griseolus* – Индийская пеночка

Meýdan alamatlary: serçeden ölçegi has maýda. Bedeniniň üstki tarapy çalymtyl-ýaşylymtyl öwüşginli çalymtyl-goňur. **Ganatlary we guýrugy birmeňzeş goňur. Gaşy limonpisint sary.** Bedeniniň aşagy goňurrak-sary. Petekesiniň gapdallary we döşi goňurrak. Aýaklary goňurrak sary. Ýaş guşlaryň üstki tarapy goňur, guýrugynyň üsti çyparrak, aşagy – sary ýokundyly çalymtyl ak. Saýraýşy gysgajyk, sesi owazy. Gykylygy gysga "trr-trr" ýa-da "çilii". Ganatynyň uzynlygy – 55-70 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: gaşynyň limonpisint sarydygy we kellesiniň çalymtyl-goňurrakdygy bilen beýleki aldawaçlardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Gazagystan, Orta we Merkezi Aziýa. Türkmenistanda – Köýtendagda.

Ýaşaýşy: höwürtgeleýän guş. Ýekelikde ýa-da jübüt bolup, daglaryň seýrek ösümlikli daşly eňňitlerde, adatça arçalyk zolakda gezýär. Gür şahalanan gyrymsy agaçlarda höwürtge gurýar. Maý-iýunda 4-5 sany poslurak-gyzyl meneklije ak ýumurtgalary goýýar, ölçegleri - 14-17.4 x 12-12.9 mm. Mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: seýrek, çäkly ýaýran görnüş.

Полевые признаки: размером значительно мельче воробья. Верхняя сторона серовато-бурая с серо-зеленоватым оттенком. **Крылья и хвост однотонно бурые. Бровь лимонно-желтая**. Низ тела буровато-желтый. Бока зоба и груди буроватые. Ноги буровато-желтые. Молодые птицы сверху бурые, надхвостье рыжеватое, низ серовато-белый с желтым налетом. Песня – короткая трель. Крик – короткое «трр-трр» или «чильи». Длина крыла – 55-70 мм.

Сходства – отличия: от других пеночек отличается лимонно-желтой бровью и серовато-буроватой головой.

Распространение: Казахстан, Средняя и Центральная Азия. В Туркменистане – Койтендаг.

Образ жизни: прилетная, гнездящаяся птица. Держится в одиночку или парами на каменистых склонах гор с редкой растительностью, обычно в арчевой зоне. Гнездо строит в густых кустарниках. Кладка из 4-5 белых с ржаво-красными крапинками яиц, в мае – июне, размеры – 14-17.4 x 12-12.9 мм. Насекомоядная птица.

Статус: редкий вид с ограниченным распространением.

### 321. Tiňňillewüjik aldawaç – *Phylloscopus collybita* – Пеночка-теньковка

Meýdan alamatlary: serçeden maýda ölçegli. Bedeniniň üstki tarapy çalymtyl - ýaşylymtyl öwüşginli, çalymtyl - goňur. Ganatlary we oýuk guýrugy goňurrak-şah reňkli, ýelekleri ýaşylymtyl jähekli. **Gaşy agymtyl-çyparrak.** Aşagy agymtyl, bedeniniň böwürleri çyparrak-goňur ýokundyly. **Aýaklary gara**, çüňki goýy goňur. Ýaşlary uly guşlara meňzeş, ýöne has açyk reňkli. Saýraýşy "ten-tin-týan-

Полевые признаки: размером мельче воробья. Верхняя сторона серовато-бурая с серо-зеленоватым оттенком. Крылья и выемчатый хвост буро-рогового цвета с зеленоватыми каемками на перьях. **Бровь беловато-рыжеватая**. Низ тела беловатый, бока тела с рыжевато-бурым налетом. **Ноги черные**, клюв темно-бурый. Молодые птицы сходны со взрослыми, но

týun…tr…ten-tin” – jürrüldili sesler. Gykylygy “fýuit” ýa-da “çilii” – gysga sykylyklar. Ganatynyň uzynlygy – 48-68 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: **aýaklarynyň gara ýa-da goýy goňurdygy bilen** beýleki aldawaçlardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Ýewropa we Aziýa. Höwürtgelände Orta Aziýanyň daglarynda, Türkmenistanda – Köpetdagda, ýaşaýar we uçup geçende düzlüklerde duş gelýär.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän görnüş. Ýazyna apreliň soňunda uçup gelýär. Daglaryň derelerini we derýalaryň jülgelerini eýeleýär. Uçup geçen mahaly – uly derýalaryň jülgelerinde we oazislerde saklanýar. Agaçlaryň we gyrymsylaryň ýokarky böleginde gezýär. Ýerden beýik bolmadyk gyrymsylaryň üstünde höwürtge gurýar. Maý-iýunda 5-7 sany gyzylymtyl-goňur meneklije ak ýumurtgalary goýýar, ölçegleri – 11.7-12.4 x 14.8-16.4 mm. Mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: uçup geçende adaty, höwürtgeleýän döwründe az sanly guş.

ярче. Песня – звонкие звуки «тень-тинь-тянь-тюнь… тр… тень-тинь». Крик – короткий свист «фюить» или «чильи». Длина крыла – 48-68 мм.

Сходства – отличия: от других пеночек отличается **черными или темно-коричневыми ногами**.

Распространение: Европа и Азия. На гнездовье в горах Средней Азии, в Туркменистане – в Копетдаге, на пролете шире – на равнинах.

Образ жизни: пролетный, гнездящийся вид, часть особей зимует. Весной появляется с конца апреля. Населяют горные ущелья и долины речек. На пролете – по долинам крупных рек и оазисам. Держатся обычно в верхних частях деревьев и кустарников. Гнездо строится на кусте невысоко над землей. Кладка из 5-7 белых с красно-бурыми крапинками яиц в мае- июне, размеры – 11.7-12.4 x 14.8-16.4 мм. Питается насекомыми.

Статус: обычная на пролете, немногочисленная на гнездовье птица.

### 322. Ýazçy aldawaç – *Phylloscopus trochilus* – Пеночка-весничка

Meýdan alamatlary: serçeden maýda ölçegli. Bedeniniň üstki tarapy goýy ýaşylymtyl öwüşginli goňurrakçal. Ganatlary we guýrugy çalymtyl-goňur, ýelekleri ýaşylymtyl jähekli. Gaşy agymtylrak-sarygylt. Aşagy ak, döşi çalymtyl-ýaşylylymtyl, bedeniniň böwürleri sarymtyl ýokundyly (ýaşylymtyl öwüşgini güýz-gyş möwsümde has köpüräk). **Aýaklary açyk sarymtyl-goňur**, çüňki goýy goňur. Ýaşlarynyň arkasynyň reňki uly guşlara garanda has ýagty. Saýraýşy – owazly görnüşindäki arassa sykylyklaryň toplumy bar. Gykylygy “fýuit” – gysga sykylyk. Ganatynyň uzynlygy – 61-74 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: aýaklarynyň agymtyl reňki bilen tiňňildewik aldawaçdan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Ýewropa we Aziýa. Orta Aziýada, şol sanda Türkmenistanda – diňe uçup geçende duşýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän görnüş. Ýazyna mart - aprelde, güýzine – oktýabrda duş gelýär. Dag eteklerinde, derýalaryň jülgelerinde, daglaryň derelerinde we beýleki amatly ýerlerde duşýar. Agaçlaryň, gyrymsylaryň şahalarynyň arasynda we gamyşly jeňňelliklerde gezýär. Mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: seýrek, bizde az öwrenilen guş.

Полевые признаки: размером мельче воробья. Верхняя сторона буровато-серая с темно-зеленоватым оттенком. Крылья и хвост серовато-бурые с зеленоватыми каймами перьев. **Бровь светло-желтоватая**. Низ белый, грудь серо-зеленоватая, бока тела с желтоватым налетом (в осенне-зимний период больше зеленоватых тонов). **Ноги светлые, желтовато-бурые**, клюв темно-бурый. У молодых птиц окраска спины ярче, чем у взрослых. Песня – набор чистых посвистов в виде трели. Крик – короткий свист «фюить». Длина крыла – 61-74 мм.

Сходства – отличия: от пеночки-теньковки отличается светлыми ногами.

Распространение: Европа и Азия. В Средней Азии, в том числе Туркменистане, встречается только на пролете.

Образ жизни: Пролетный вид. Весной появляется в марте – апреле, осенью – в октябре. Встречается предгорьях, речных и горных долинах и других местообитаниях. Держится в кронах деревьев, зарослях кустарников и тростников. Питается насекомыми.

Статус: редкая, мало изученная у нас птица.

### 323. Eýran aldawajy – *Phylloscopus neglectus* – Иранская пеночка

Meýdan alamatlary: serçeden has maýda ölçegli. **Bedeniniň üstki tarapy, ganatlary we guýrugy çalymtyl-goňur. Gaşy gowşak sarymtyl öwüşginli agymtyl.** Bedeniniň aşagy agymtyl, böwürleri çyparrak-goňur ýokundyly. Aýaklary garamtyl-goňur, çüňki goýy goňur. Ýaş guşlaryň arkasy has garamtyl, gaşy agymtyl-sary. Gykylygy “gýurrr” – pert jürküldeme. Ganatynyň uzynlygy – 47-55 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: garamtyl kellesindäki ýagty sary gaşlary bilen beýleki aldawaçlardan tapawutlanýar.

Ýaýraýn ýerleri: Päkistan, Owganystan, Eýran. Orta Aziýada - Täjigistanyň daglyklarynyň çäklerinde,

Полевые признаки: размером значительно мельче воробья. **Верхняя сторона, крылья и хвост серовато-бурые. Бровь беловатая со слабым желтым оттенком**. Низ тела беловатый со слабым рыжевато-бурым налетом на боках. Ноги черно-бурые, клюв темно-бурый. У молодых птиц спинная сторона темнее, бровь беловато-желтая. Крик – резкое чириканье «гюррр». Длина крыла – 47-55 мм.

Сходства – отличия: от других пеночек отличается яркой желтой бровью на темной голове.

Распространение: Пакистан, Афганистан, Иран. В Средней Азии – горные районы в пределах Таджикистана, а также Туркменистана

şeýle-de Türkmenistanda (Köpetdagda we Köýtendagda) duş gelýär.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän guş. Ýazyna apreliň soňunda uçup gelýär. Daglaryň derelerini, derýalaryň jülgelerini eýeleýär. Agaçlaryň ýokarky şahalarynyň arasynda gezýär. Dagdaky gyrymsylaryň gür şahalanan düýplerinde höwürtge gurýar. Maý-iýunda 5-7 sany gyzylymtyl-goňur meneklje ak ýumurtgalary goýýar. Mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: seýrek, çäkli ýaýrawly az öwrenilen guş.

(Копетдаг и Койтендаг).

Образ жизни: гнездящаяся птица, весной – с конца марта, осенью отлетает в октябре. Населяет горные ущелья, речные долины. Держится в верхних ветвях деревьев. Гнездо – в густых ветвях горных кустарников. Кладка из 5-7 белых с красно-бурыми крапинками яиц, в мае-июне. Питается насекомыми.

Статус: редкая, слабоизученная птица с ограниченным распространением.

### 324. Şalkyguýruk çürlentgi – *Scotocerca inquieta* – Скотоцерка, или вертлявая славка

Meýdan alamatlary: serçeden kiçi ölçegli. Bedeniniň üstki tarapy çal öwüşginli agymtyl-goňur. Ganatlary goňur. **Guýrugy uzyn gara-goňur reňkli, ýelekleri insiz ýagty jähekli. Kellesinde, boýnynda we arkasynda dik garamtyl çyzyklary bolýar.** Gaşy agymtyl. Bedeniniň aşaky tarapy agymtyl, petekesi we döşi dik geçýän çyzykly. Aýaklary goňurrak. Horazynyň reňki mäkiýanyna meňzeş. Ýaşlary ululary ýatladýar, ýöne açyk reňkli. Guşjagaz haçanda oturanda ýa-da gyrymsylaryň arasynda hereket edende çakganlyk bilen guýrugyny dik galdyrýar. Sesi ýumşak sozulan sykylyk bolup, özboluşly ýakymly jyrryldama döredýär. Ganatynyň uzynlygy – 44-50 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: guýrugynyň beýlekilere garanyňda has uzyndygy, kellesindäki we döşündäki dik geçýän çyzyklarynyň barlygy bilen çöl çürlentgiden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Eýran, Owganystan, Demirgazyk Afrika. Orta Aziýada we Gazagystanyň günorta we günbatar sebitleri. Türkmenistanda – düzlükleriň, çöllükleriň we olara ýanaşyk dag etekleriniň giňişlikleri.

Ýaşaýşy: oturymly we göçüp-gonýan guş. Sazaklyklarda, dag etek gurak düzlükleri eýeleýär. Ýekelikde, jübüt, seýrek topar bolup gezýär. Gyrymsylarda höwürtgeleýär. Mart-iýunda 5-8 goňurrak-gyzylymtyl meneklije gülgüne-ak ýumurtgalary goýýar, ölçegleri – 11-12 x 15-16 mm. Mör-möjekler, olaryň gurçuklary we möýler bilen iýmitlenýär.

Statusy: adaty, käbir amatly ýerlerde köpsanly guş.

Полевые признаки: размером мельче воробья. Верхняя сторона бледно-бурого цвета с серым оттенком. Крылья бурые. **Хвост удлинен, черно-бурого цвета с узкими светлыми каймами перьев. На голове, шее и на спине темноватые продольные штрихи**. Бровь беловатая. Низ тела также беловатый с продольными штрихами на зобе и груди. Ноги буроватые. Самцы и самки сходны по окраске. Молодые птицы напоминают взрослых, но ярче. Подвижные птички, обращает на себя внимание вертикальное положение хвоста, когда птица сидит или передвигается среди кустов. Голос – протяжный мягкий свист, переходящий в своеобразное мягкое трещание. Длина крыла – 44-50 мм.

Сходства – отличия: от пустынной славки отличается сравнительно длинным хвостом и продольными пестринами на голове и груди.

Распространение: Иран, Афганистан, Северная Африка. В Средней Азии, в южных и западных районах Казахстана. В Туркменистане – пустынные участки равнин, предгорий и гор.

Образ жизни: оседлая, кочующая птица. Населяет саксаульники, сухие предгорные равнины. Держится одиночно, парами, реже группами. Гнездо строит на кусте. Кладка из 5-8 розовато-белых с коричневато-красными крапинками яиц, в марте-июне, размеры – 11-12 x 15-16 мм. Питается насекомыми и их личинками, пауками.

Статус: обычная, местами в подходящих условиях многочисленная птица.

### Hurmaýjyklar – *Regulidae* – Корольковые

Gowşak we ýumşak ýelek örtükli maýda guşlar maşgalasy. Reňki ýaşylymtyl, ýaşy ýeten guşlaryň depesi mämişi, gyzylymtyl ýa-da sary. Çüňki inçe we gysga. Burun ýarçyklarynyň üsti deri pisint ýygyrt (nagyşly jikjikileriň wekillernide) ýa-da ýelek sütüni uzalan ýelejikler bilen örtülen (hurmaýjyklar). Ganatlary kütek, guýrugy tegelenen (nagyşly jikjikiler) ýa-da oýulan (hurmaýjyklar). Güýzüne we gyşyna kiçirak süri bolup göçüp-gonýarlar. Oňurgasyzlar bilen iýmitlenýärler. Dünýäde – 5, Türkmenistanda –1 görnüşi bar.

Семейство мелких птичек с рыхлым и мягким оперением. Окраска зеленоватая, у взрослых темя оранжевое, красноватое или желтое. Клюв тонкий и короткий. Ноздри сверху прикрыты кожистой складкой (у представителей расписных синичек) или перышком, у которого стержень удлинен в виде щетинки (корольки). Крыло тупое, хвост закругленный (расписные синички) или выемчатый (корольки). Осенью и зимой кочуют небольшими стайками. Питаются беспозвоночными. В мире 5 видов, в Туркменистане – 1.

### 325. Sarybaş hurmaýjyk – *Regulus regulus* – Желтоголовый королек

Meýdan alamatlary: serçeden has kiçi ölçegli. Bizde duşýan guşlaryň iň maýdasy. Bedeniniň üsti açykçalymtyl-ýaşylymtyl, aşagy – açyk agymtyl. **Kellesiniň üsti limonpisint sary, gapdal gyralary bilen, adat-**

Полевые признаки: величиной значительно меньше воробья. Самая маленькая из наших птиц. Верх тела светло-серо-зеленоватый, низ светлый, беловатый. **Верх головы лимонно-желтый, обыч-**

**ça maňlaýynda birleşmeýän inli gara zolak geçýär.** Ganatlary kütek we inli. Guýrugy sähelçe oýuk. Çüňki gara, aýaklary goňur. Mäkiýanynyň depesindäki sary tegmili has öçügsi, ol ýaş guşlarda bolmaýar. Sesi pessaýja – “si-si-si”. Saýraýşy “si-fli-hin, si-fli-hin”. Bedeniniň uzynlygy – 90-115, ganaty – 50-58, ganatlarynyň gerimi – 150-170 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: ölçegi boýunça aldawaçlara çalymdaş, maňlaýyndaky gara we sary zolaklary bilen tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Günbatar Ýewropa, Kiçi Aziýa, Demirgazyk Eýran, Hytaý, Gimalaý daglary. Orta Aziýada – daglaryň pürli tokaýlyklarynda. Türkmenistanda – giň ýaýran, gyş döwründe bolsa daglarda, dag eteklerinde, şeýle hem çölde seýregräk duşýar.

Ýaşaýşy: göçüp - gonýan we gyşlaýan guş. Daglaryň pürli we beýleki agaçly ýerlerini eýeleýär, dag eteklerinde düşýär, miweli baglyk ýerlerinde, seýilgählerde, hat-da çölüň jümmüşindäki sazaklyklarda duşmagy mümkin. Kiçiräk süri bolup gezýär. Mör-nöjekler, olaryň liçinkalary bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sanly, bizde gowşak öwrenilen görnüş.

**но окаймленный по бокам черными широкими полосами, не соединяющимися на лбу**. Крыло тупое и широкое. Хвост слегка выемчатый. Клюв черный, ноги бурые. У самки желтое пятно на темени очень бледное, у молодых оно отсутствует. Голос тихое «ци-ци-ци». Песня – «ци-фли-хин, ци-фли-хин». Длина – 90-115, крыло – 50-58, размах крыльев – 150-170 мм.

Сходства – отличия: от мелких по размерам пеночек отличается черной и желтой полосой на лбу.

Распространение: Западная Европа, Малая Азия, Северный Иран, Китай, Гималаи. В Средней Азии – в лесах горных областей. В Туркменистане относительно широко, в зимний период – в горах, предгорьях, реже пустыне.

Образ жизни: кочующе-зимующая птица. Предпочитает держаться в горах на участках хвойных и иных древесных пород, спускается в предгорья, зимой может попадаться в садах и парках и даже в саксаульниках глубоко в пустыне. Держится небольшими стайками. Питается насекомыми и их личинками.

Статус: немногочисленный и слабоизученный у нас вид.

## Siňekçiler – *Muscicapide* – Мухоловковые

Daşky sypatyndan jok-jokylary ýatladýar. Olar bilen kowumdaş bolan, saýrak guşlaryň uly toparyna degişli (30 g çenli agramda). Özgelere garanyňda inli çüňkleri we agzynyň gyralary oňat ösen gaty gylly bolýar. Aýaklary beýlekilere garanyňda gowşagrak bolup, söbügi

Большая группа певчих птиц (с массой до 30 г), внешне напоминающих дроздовых, с которыми они родственны. Имеют относительно широкий клюв с хорошо развитыми щетинками в основании и по краям рта. Ноги сравнительно слабые, с относительно короткой



gysga. Ganatlary uzyn we insizräk. Reňkleri dürli: görnüşleriniň biriniň ýelek örtügi goňurrak-çal we gysga guýrukly, beýlekileri (görnüşleriň tropik ýurtlarda ýaşaýanlary) örän açyk reňkli we aglaba uzyn guýrukly bolýar. Giň ýaýrandyrlar. Agaçlyklarda, gyrymşy agaçly ýerlerde jübüt bolup ýaşaýarlar. Esasan uçýan mör-möjekler, güýzine we gyşyna miweler we ösümlikleriň tohumlary bilen iýmitlenýärler. Dünýäde 390-dan gowrak görnüşi, bolup olardan 5-si Türkmenistanda, ýaşaýar.

цевкой. Крыло длинное и не широкое. Окраска различна: одни виды имеют скромную буровато-серую окраску оперения и короткий хвост, другие (тропические виды) окрашены очень ярко и нередко имеют длинный хвост. Распространены широко. Обитатели древесно-кустарниковых участков. Живут парами. Питаются насекомыми, в основном, летающими, осенью и зимой – также ягодами и семенами. В мире более 390 видов, из которых в Туркменистане – 5.

### 326. Jennet uzynguýruk siňekçi – *Terpsiphone paradisi* – Райская мухоловка

Meýdan alamatlary: serçeden ulurak. **Guýrugy uzyn we hüpüginiň çowlanandygy oňat görünýän uly siňekçi. Kellesi we bokurdagy tutuşlygyna açyk metal ýalpyldyly garamtyl-gök.** Arkasy, guýrugynyň üsti we guýrugy ýiti çypar reňkli; guýrugynyň ortaky ýelekleri has uzalan (50 sm çenli), mäkiýany we ýaş guşlar gysga guýrukly. Ganatlary goýy çal reňkli. Garny ak, ganatlarynyň aşagy agymtyl-çyparrak, bedeniniň aşagy çal. Çüňki inli, güýçli, garamtyl çüňküstüniň ýokarsy has gaňragrak, mawumtyl-çal reňkli. Aýaklary mawumtyl-çal. Gözleriniň töweregi – gögümtil reňkli ýalaňaç halka. Uçup barýarka üzlem-saplam gödek sesli gykylyk edýär – “çi-çip” ýa-da “çirp-çirp”, “çirr-şerr”, “çetr-çetr” ýa-da “çet-çet”. Çagyryş gykykygy assaja sokdurylan “y” bilen – “tereuä, tereuä”, käte gorkan halatynda jyzyrdy sesli – “çças” ýa-da “şşah”. Saýraýşy assaja we mylaýym – “ti-ti-ti-ru-li”, sarkyldagyň saýraýşyny ýatladýar. Horazlarynyň ganaty – 89-100, mäkiýanlarynyňky

Полевые признаки: крупная (крупнее воробья) **мухоловка с длинным хвостом и хорошо заметным заостренным хохлом. Вся голова и горло черновато синие** с ярким, **металлическим блеском**. Спина, надхвостье и хвост ярко рыжие; средние перья хвоста значительно удлинены (до 50 см), у самок и молодых хвост короче. Крылья темно-серого цвета. Брюшко белое, подкрылья бледно-рыжеватые, низ тела серый. Клюв широкий мощный голубовато-серого цвета, с более темным крючком на надклювье. Ноги голубовато-серые. Вокруг глаза – голое кольцо голубого цвета. На лету издает грубые отрывистые крики – «чи-чир» или «чирп-чирп», «чирр-шерр», «четр-четр» или «чет-чет». Призывный крик – тихое «тереуэ, тереуэ» с протяжным «у», а при испуге иногда – шипящее «ччах» или «шшах». Песня тихая и мелодичная – короткое «ти-ти-ти-ру-ли», напоминающее песню иволги. Крыло самцов –

– 88-98, horazlarynyň guýrugy – 107-320, mäkiýanlarynyňky – 103-135; söbügi – 16.0-18.5, çüňki – 12-14 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: Türkmenistanda meňzeş görnüşleri ýok.

Ýaýran ýerleri: Günorta, Günorta-Gündogar we Gündogar Aziýada. Türkmenistanda – Köýtendagda. Hindistanda, Päkistanda we Owganystanyň günortasynda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: höwürtgeleýän görnüş. Suwdan daş bolmadyk (çeşme, derýajyk, dag derýajygy) agaç - gyrymsy agaçly ösümlikleriň (hoz, toraňňy, üzüm we ş.m.) gür ösen jeňňelli jülgelerde gabat gelýär. Apreliň soňunda uçup gelýär, awgustyň ortasyndan-sentýabryň ortasyna çenli uçup gidýär. Jübütleşýän guşlar maýyň ortasynda gabat gelýär, maýyň soňunda we iýunyň başynda höwürtgeleýär. Höwürtgesi ykjam, onuň gyralaryny tal agajynyň sallanyp duran çybyklaryna berkidýär. Höwürtgäniň daş ýüzüne möýleriň ýelimli kereplerini çekýär. 4-5, seýrek 3 sany gowşak gülgüne öwüşginli we gyzylymtyl-goňur meneklije ýylmanak ak ýumurtgalary goýýar, ölçegleri – 20.0-21.6 x 14.9-16.8 mm. Dürli mör-möjekler, olaryň liçinkalary, garynjalar we möýler bilen iýmitlenýär.

Statusy: Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen, Köýtendag goraghanasynyň guşlarynyň iň täsin wekilleriniň biri.

89-100, самок – 88-98, хвост самцов – 107-320, самок – 103-135; цевка – 16-18.5, клюв – 12-14 мм.

Сходства – отличия: в Туркменистане сходных видов нет.

Распространение: Южная, Юго-Восточная и Восточная Азия. В Туркменистане – Койтендаг. Зимует в Индии, Пакистане и южном Афганистане.

Образ жизни: гнездящийся вид. Встречается в ущельях с густыми зарослями древесно-кустарниковой растительности (грецкий орех, тополь, виноград и др.), недалеко от воды (родник, ручей, горная речка). Прилетает в конце апреля, отлетает с середины августа до середины сентября. В середине мая встречаются пары, а в конце мая и начале июня – гнезда. Гнездо аккуратное, бортами прикреплено к свисающим (плакучим) ветвям. Наружная поверхность гнезда обтянута прядями липкой паутины. Число яиц от 4 до 5, в редких случаях 3. Поверхность белых яиц гладкая блестящая, со слабым розовым оттенком и красновато-коричневыми крапинками. Размер яиц – 20-21.6 x 14.9-16.8 мм. Питается различными насекомыми и их гусеницами, муравьями, пауками.

Статус: внесен в Красную книгу Туркменистана, один из интересных представителей птиц Койтендагского заповедника.

### 327. Çal siňekçi – *Muscicapa striata* – Серая мухоловка

Meýdan alamatlary: burun deşikleri oňat ösen gaty gyllar bilen ýapylan, düýbine tarap ýasalyp gidýän çüňkli, beýlekilere garanyňda maýda

Полевые признаки: сравнительно мелкая птица, клюв расширяющийся к основанию с хорошо развитыми щетинками, прикрыва-



guş. **Ýelek örtügi birmeňzeş, üstki tarapy çalymtyl - goňurrak, aşagy – agymtyl, döşi we bokurdagy dik garamtylrak - goňur menekli.** Maňlaýy we kellesiniň üsti dik insiz garamtyl menekli. Çüňki agymtyl çüňkastynyň düýbi goňur; aýaklary gara dyrnakly goýy goňur. Horazlarynyň reňki mäkiýanlaryna meňzeş. Adatça, beýik bolmadyk gurap döwülen şahada ýa-da agaç sütüninde oturyp, uçup barýan mör-möjekleri tutmak üçin aram-aram uçýar. **Ganatjyklaryny yzygyderli silkeleýär.** Sesi birmeňzeş assaja – "st-st". Kesgitli wagt aralygynda we yzygiderli gaýtalanyp çykýan bu sesler saýrama owazy bolup hyzmat edýär, käte ol gysga saýrama bilen tamamlanýar. Ganaty – 81-91, guýrugy – 60-68, söbügi – 13-18, çüňki – 8-11 mm, agramy – 12-18 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: maňlaýynyň aladygy bilen beýleki siňekçilerden tapawutlanýar. Türkmenistanda bilelikde ýaşaýan meňzeş görnüşleri ýok.

Ýaýran ýerleri: Ýewropa, demirgazyk-gündogar böleginden başgalarynda we Aziýa – gündogara Baýkal kölüne çenli. Türkmenistanda – daglarda, dag eteklerinde we derýalaryň jülgelerinde höwürtgeleýär. Uçup geçende giňişleýin duşýar. Alynky Aziýada, Hindistanyň demirgazygynda, Merkezi we Günorta Afrikada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: höwürtgeleýän, uçup geçýän guş. Ýekelikde, jeňňelliklerde, baglyklarda, jülgelerdäki we dag derelerindäki gyrymsylyklarda we otluklarda, şeýle-de kenary agaçly suw akýan ýaplarda ýa-da uly bolmadyk ýylgynlyklarda gezýär. Ýazyna aprelde, güýzine – awgust-sentýabrda uçup

ющими ноздри. **Оперение однотонное, сверху серо-буроватое, снизу – беловатое, на груди и горле продольные черновато-бурые пестрины**. Лоб и верх головы с узкими темными продольными пестринками. Клюв бурый, со светлым основанием подклювья; ноги темно-бурые, с черными когтями. Самцы и самки окрашены сходно. Сидит обычно невысоко на сучке или ветке, откуда время от времени слетает, чтобы схватить пролетающее насекомое. **Периодически встряхивает крылышками**. Голос – тихое однообразное «цт-цт». Эти же звуки, издаваемые с определенным ритмом и последовательностью, служат песней, которая иногда заканчивается короткой трелью. Крыло – 81-91, хвост – 60-68, цевка – 13-18, клюв – 8-11мм, вес – 12-18 г.

Сходства – отличия: от других мухоловок отличается пестринами на лбу. В Туркменистане нет совместно обитающих схожих видов.

Распространение: Европа, исключая северо-восточную часть, и Азия – на восток до Забайкалья. В Туркменистане гнездится в горах и предгорьях, долинах рек. На пролете встречается шире. Зимуют в Передней Азии, на севере Индостана, в Центральной и Южной Африке.

Образ жизни: гнездящаяся, пролетная птица. Держатся одиночками в тугаях, садах, кустарниковых и зеленых участках в долинах и ущельях гор, а также у оросительной сети с деревьями или небольшими участками гребенщика. Весной пролетают в апреле, осенью – в августе-сентябре.

geçýär. Adatça höwürtgesini agaç sütülerindäki ýa-da uly bolmadyk köweklerde, jaýryklarda ýerleşdirýär. Maý aýynda 4-6 sany poslurak-goňur menekler bilen örtülen kirliräk-ýaşyl ýumurtgalary goýýar, ölçegleri – 17.3-22.6 x 13.4-14.8 mm. Iýmiti – siňekler, gök siňekler, gündizki kebelekler, teneçirler, kebelekleriň liçinkalary, tomzaklar, möýler.

Statusy: adaty, käbir ýerlerde az sanly guş.

Гнезда обычно располагают у стволов деревьев или мелких дуплах, в расщелинах. Кладка в мае из 4-6 грязно-зеленоватых яиц, покрытых ржавчато-бурыми пятнышками. Размеры яиц – 17.3-22.6 х 13.4-14.8 мм. В составе кормов мухи, слепни, дневные бабочки, стрекозы, гусеницы бабочек, личинки пилильщиков, жуков и пауков.

Статус: обычная, местами не многочисленная птица.

### 328. Çyparguýruk siňekçi – *Muscicapa ruficauda* – Рыжехвостая мухоловка

Meýdan alamatlary: serçe ölçegli. **Guýrugy we guýruküsti çypar, bokurdagy we garny ak, döşi we böwürleri goýy çal reňkli.** Gözüniň ýanynda ak tegmili bolýar. Aýaklary we çüňküsti goňur. **Agajyň şahasynda oturanda ganatlaryny şähelçe aşak göýberip we guýrugyny ýokary galdyryp oturýar.** Saýraýşy batly – "pi-tii-tii-tii" sesler. Ganaty – 71-84, guýrugy – 55-64, söbügi – 15-16, çüňki – 11-12 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: guýrugynyň çypardygy, ýakyn aralykdan çüňküniň düýbüniň ýasylygy bilen beýleki siňekçilerden tarawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Orta Aziýanyň, Owganystanyň we Demirgazyk Hindistanyň günortasyndaky (Gimalaý dagy) daglyk raýonlary. Türkmenistanda – Köýtendag gerşiniň arça tokaýlarynda gabat gelmegi mümkin. Hindistanda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: höwürtgeleýän görnüş. Arça tokaýlyklarynda mekan tutýar (2000-2500 m deňiz derejesiniň beýikligine çenli). Gowy gizlenen höwürtgesini ýerden 2-6 m beýiklikde

Полевые признаки: размером с воробья. **В общем облике заметны рыжие надхвостье и хвост, белые горло и брюхо и темно-серые грудь и бока**. Пятно у глаза белое. Ноги и надклювье бурые. **Чаще заметна сидящей на ветке, с полураспущенными крыльями и приподнятым хвостом**. Песня – звонкая трель «пи-тии-тии-тии». Крыло – 71-84, хвост – 55-64, цевка – 15-16, клюв – 11-12 мм.

Сходства – отличия: от других мухоловок отличается рыжим хвостом, в непосредственной близости хорошо заметен широкий у основания клюв.

Распространение: горные районы юга Средней Азии, Афганистана и Северного Индостана (Гималаи). В Туркменистане может встречаться в арчевых лесах хребта Койтендаг. Зимует в Индии.

Образ жизни: гнездящийся вид. Населяет арчевые леса (до 2000-2500 м н.у.м). Гнезда хорошо замаскированы, помещаются обычно на ветках арчи на высоте от 2 до 6



arça şahalarynyň arasynda gurýar. Maýyň ortasynda 3-4 sany ýaşylymtyl-gök tutuk reňkli ýumurtgalary goýýar, ölçegleri – 15.6-19.1 x 12.1-13.6 mm. Dürli mör-möjekler (ýasmyklar, gatyganatlylar, kebelekleriň liçinkalary, perdeganat-lylar, garynjalar) bilen iýmitlenýär.

Statusy: seýrek, çäkli ýaýran görnüş, Köýtendag döwlet goraghanasynyň guşlarynyň iň täsin wekilleriniň biri.

м от земли. Полные кладки из 3-4 яиц, обычно в середине мая. Яйца мутного зеленовато-голубоватого цвета, размеры – 15.6-19.1 х 12.1-13.6 мм. Питаются различными насекомыми (полужесткокрылые, жесткокрылые, гусеницы, перепончатокрылые, муравьи).

Статус: редкий вид с ограниченным распространением, один из интересных представителей птиц Койтендагского заповедника.

### 329. Kiçi siňekçi – *Ficedula parva* – Малая мухоловка

Meýdan alamatlary: biziň faunamyzda iň maýda siňekçi. **Horazynyň üsti we kellesiniň gapdallary, boýny, petekesiniň çetleri we döşi külreňk-çal. Arkasy we guýrugynyň üsti goňurak-çal**, ganatlary we guýrugy goňur. **Bokurdagy we petekesiniň ýokarsy çypar.** Döşi, garny we **guýrugynyň gapdallary inli ak zolakly. Mäkiýanynyň we ýaş guşlaryň bokurdagy çypar reňksiz**, külreňk-çal öwüşgini goňurçal reňk bilen çalyşýar. Çüňki goňur, düýbi has açyk reňkli, gözleri agymtylmele, aýaklary we dyrnagy garamtylgoňur. Çüňki goňurrak-sary, aýaklary goýy goňur. Guýrugyny we ganatlaryny bir wagtda silkemek endigi bolýar. Sesi – bölekleýin guraksy şowhun. Saýramaýan guşlar, aýratyn-da güýzine, ýygy-ýygydan iki goşulmaly "hii-li….hii-li" çagyryş owazyny edýär. Ganaty – 64-71, guýrugy – 48-57, söbügi – 16-18, çüňki – 6-7 mm, agramy – 8.5-12 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: **döşüniň çypar - gyzgyltdygy** (horazy) bilen şapakça çalymdaşlyk edýär, ýöne ondan özüni alyp barşy we

Полевые признаки: самая мелкая мухоловка нашей фауны. **У самца верх и бока головы, шеи, края зоба и груди пепельно-серые. Спина и надхвостье буровато-серые**, крылья и хвост бурые. **Горло и верх зоба рыжие**. Грудь, брюшко и **широкие полоски по бокам хвоста белые. У самки и молодых нет рыжего цвета на горле**, а пепельно-серый цвет заменен буро-серым. Клюв бурый, с более светлым основанием, глаза – бежевые, ноги и когти черно-бурые. Клюв буровато-желтый, ноги темно-бурые. Характерно одновременное подергивание хвоста и крыльев. Голос – сухой отрывистый треск. Не поющие птицы, особенно осенью, часто издают характерную двухсложную позывку «хии-ли… хии-ли». Крыло – 64-71, хвост – 48-57, цевка – 16-18, клюв – 6-7 мм, вес 8.5-12 г.

Сходства – отличия: узнается по **рыже-красной груди** (самец), похожа на зарянку, но легко отличается от нее поведением и **наличием белых пятен по бокам хвоста**.

**guýrugynyň gapdallaryndaky ak tegmilleri bilen** aňsat tanalýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän ýerleri – Ýewraziýanyň Günbatar Ýewropadan Kamçatka çenli tokaý zolagy. Türkmenistanda – ýazyna we güýzine uçup geçende hemme ýerlerde duşýar. Hindistanda we Günorta-Gündogar Aziýada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän görnüş. Köpetdagda höwürtgeleýän bolmagy hem mümkin. Ýazyna martyň soňundan-apreliň ahyryna çenli, güýzine – awgustyň soňundan-noýabryň başyna çenli uçup geçýär. Mör-möjekler: maýda tomzaklar (ädiktikenler, ýaprakiýijiler), ikiganatlylar (maýda siňekler), seýrek kebelekler, olaryň liçinkalary, perdeganatlylar (ýol arylary we byçgylaýjylar), möýler we ýasmyklar bilen iýmitlenýär.

Statusy: adaty, käbir ýerlerde köpsanly görnüş.

---

**330, 331.** *Bellik*: Günorta-Günbatar Türkmenistanda uçup geçýän guşlaryň arasynda **käte alaja – *Ficedula hypoleuca*** we **akboýyn siňekçileriň – *Ficedula albicollis*** duşmaklary mümkin. Bu görnüşler bizdäki siňekçilerden horazlarynyň garşylykly garamtyl hem ak reňkleri bilen tapawutlanýarlar: aşagy ak, arkasy - gara ýalpyldyly reňkli, uçup barýarka ganatyndaky ak zolak we maňlaýyndaky ak tegmil anyk görünýär. Emma, akboýun siňekçiniň horazynyň ak boýunbagy we biliniň ak reňki eňsedinde birleşip tutuş ulgamy döredýär. Görnüşleriň mäkiýanleriniň ikisiniň hem aşagy agymtyl-çyparrak, arkasy - çalymtyl-goňňurak reňkli.

Распространение: гнездовая часть ареала – лесная зона Евразии от Западной Европы до Камчатки. В Туркменистане во время весеннего и осеннего перелетов встречаются повсеместно. Зимуют в Индии и Юго-Восточной Азии.

Образ жизни: Пролетный вид. Не исключено гнездование в Копетдаге. Весенний пролет с конца марта до конца апреля, а осенью – с конца августа до начала ноября. Насекомоядная птица, поедает мелких жуков (долгоносиков и листоедов), двукрылых (мелких мух), гусениц и реже бабочек, перепончатокрылых (наездников и пилильщиков), пауков и клопов.

Статус: обычная, местами многочисленная птица.

---

**330, 331.** *Примечание*: не исключено, что на пролетах спорадично может попадаться **мухоловка-пеструшка** – ***Ficedula hypoleuca;*** в Юго-Западный Туркменистан иногда может залетать **мухоловка – белошейка** – ***Ficedula albicollis.*** Эти виды отличаются от других наших мухоловок контрастной темно-белой окраской самцов: низ белый, а верх блестяще-черного цвета, обращает на себя внимание белый участок на крыле, хорошо заметный в полете, и белое пятнышко на лбу. Но у самцов мухоловки-белошейки имеется цельный, сходящийся на затылке, белый ошейник и белая поясница. У самок обоих видов низ беловато-рыжеватый, а верх серо-бурого цвета.



## Jokjokylar – *Turdidae* - Дроздовые

Saýrak guşlar maşgalasy (agramy 150 g çeňli). Dünýäniň polýar sebitlerinden başga hemme ýerlerinde ýaýran. Guşlaryň köpüsi daýaw aýakly. Olar diňe bir tokaýlarda däl, eýsem beýleki agaç-gyrymsy agaçly we daşlyk ýerlerde hem gabat gelýärler. Agaçlaryň üstünde, köweklerde, ýerde, hinlerde, gaýalaryň jaýryklaryndan höwürtgeleýärler. Adatça, 2-6 sany ýumurtga goýýarlar. Esasan, mör-möjekler bilen iýmitlenýärler, güýz-gyş döwründe miweleri hem çokýarlar. Dünýäde 300-e golaý görnüşi bar. Olardan 30-sy Türkmenistanda ýaşaýar.

Семейство певчих птиц (масса до 150 г). Распространены по всему миру, кроме полярных областей. Ноги у большинства сильные. Встречаются не только в лесных, но и других – древесно-кустарниковых и каменистых местообитаниях. Гнездятся на деревьях, в дуплах, на земле, в норах, расщелинах скал. В кладке, обычно, 2-6 яиц. В основном – насекомоядные, в осенне-зимний период поедают и ягоды. В мире около 300 видов, из которых в Туркменистане – 30.

### 332. Şapakçy – *Erithacus rubecula* – Зарянка

Meýdan alamatlary: daşyndan uly ýaly görünýän gara gözli, togalagrak görnüşli, maýda (serçeden ep-esli kiçi) guş. **Mämişi-gyzgylt tegmil döşüni, bokurdagyny we duluklaryny gabaýar we ol maňlaýyna we gözüne çenli barýar.** Garny ak, bedeniniň üsti – çalymtyl-ýaşyl. Horazlary we mäkiýanlary reňkleri boýunça tapawutlanmaýarlar, ýöne ýaş guşlar – mämişi-gyzgylt tegmilsiz ala reňkli. Aýaklary açyk goňur, çüňki – goýy goňur. Gykylygy pert-pert pessaýja "tek…tek…", käwagt ol pert-pert "sik…sik…" ýaly bolup eşidilýär. Ganaty – 66.5-75.0, guýrugy – 54.0-62.2, söbügi – 23.4-26.0, çüňki – 8.7-11.8 mm, agramy – 14.2-16.0 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: döşüniň mämişi-çypar we arkasynyň çalymtyl-goňur reňki boýunça ýaşy ýeten guşlary aňsat kesgitläp bolýar.

Полевые признаки: мелкая (несколько меньше воробья), круглой формы, изящная птица, с темными глазами, кажущимися большими. **Грудь, горло и щеки охватывает характерное оранжево-красное пятно, которое доходит до лба и глаз**. Брюшко белое, верх тела – серо-зеленый. Самцы и самки по окраске не отличаются, но молодые – пестрые без оранжево-красного пятна. Ноги светло-бурые, клюв темно-бурый. Издает тихий отрывистый крик «тек…тек…», иногда слышится отрывистое «цик… цик…». Крыло – 66.5-75, хвост – 54-62.2, цевка – 23.4-26, клюв – 8.7-11.8 мм, вес – 14.2-16 г.

Сходства – отличия: взрослые хорошо определяются по оранжево-рыжей окраске груди и серо-бурой спине. Схожи с самцами малой

Kiçi siňekçiniň horazlaryna meňzeş, ýöne tegmili bokurdagynda we petesi çypar däl-de, mämişiräk-gyzgylt, ol maňlaýyna we gözüne çenli barýar, guýrugynyň gapdallary bolsa ak meneksiz.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän menzilleri Ýewropany tutuşlaýyn, demirgazyk çetlerinden galanlarynda, Ural daglaryny we Günbatar Sibiri bölekleýin öz içine alýar. Türkmenistanda – uçup geçende dürli ýerlerde duşmaklary mümkin.

Ýaşaýşy: uçup geçýän, bölekleýin gyşlaýan görnüş. Ýazky migrasiýasy martyň soňunda-aprelde, güýzkisi – oktýabrda-noýabrda. Aglaba daglaryň jülgelerinde, baglyk ýerlerde, seýilgählerde we ýaşyl zolakly meýdanlarda saklanýar. Ýekelikde we jübüt bolup, ýerde, gyrymsylaryň we agaçlaryň üstünde gezýär. Adatça, ýerde towsup-gonup, agaçlaryň we gyrymsylaryň aşaklaryndan iýmit çöpleýär. Iýmiti – tomzaklardan, kebelekleriň we byçgylaryň liçinkalaryndan, ýasmyklardan, ikiganatlylardan we beýleki mör-möjeklerden, şeýle-de möýlerden, kyrkaýaklardan durýar, güýzine we gyşyna – ösümlikleriň miwelerini we tohumlaryny çokýar.

Statusy: az sanly guş.

мухоловки, но пятно на горле и зобе оранжево-красное, а не рыжее и доходит до лба и глаз, а по бокам хвоста отсутствуют белые пятна.

Распространение: гнездовая область охватывает всю Европу, за исключением крайнего севера, Урал и частично Западную Сибирь. В Туркменистане может попадаться в разных частях во время пролета.

Образ жизни: пролетный, частично зимующий вид. Весенняя миграция с конца марта, в апреле, осенняя – в октябре-ноябре. Встречается чаще в горных ущельях, садах, скверах и парках. Держится в одиночку и парами на земле, кустах и деревьях. Пищу собирает в нижнем ярусе деревьев и кустарников, передвигаясь обычно по земле прыжками. Корм состоит из жуков, гусениц бабочек и личинок пилильщиков, клопов, двукрылых и других насекомых, а также пауков, многоножек, осенью и зимой охотно поедают ягоды и семена.

Статус: немногочисленная птица.

### 333. Günorta bilbili – *Luscinia megarhynchos* – Южный соловей

Meýdan alamatlary: serçe ölçegli, gelşikli guş. **Bedeniniň üstki tarapy** gowşak çalymtyl-ýaşylymtyl, has anyk guýrugynyň düýbinde ýüze çykýan öwüşginli, **birmeňzeş çyparrak-goňur reňkli. Guýrugy çypar. Bedeniniň aşaky tarapy birmeňzeş kirliräk-melemtil - sarymtyl - ak**, petekesi we döşi birneme gara we bokurdagy we garnynyň yzky bölegi has agarýar. Aýaklary goýy goňur, gözleri – açyk goňur. Saýraýşy uzakdan eşidilýär . Sesi güýçli, owazly, dürli-dürli. Çagyryş sesi – pessaýja “fiuit-trr”. Ganaty – 85-95, guýrugy – 85.5-90.0, sobügi – 25-29, çüňki – 11.5-13.5 mm, agramy – 21.7-29.6 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: adaty bilbile çalymdaş, ýöne ondan ulurak we gelşikliräk, reňkiniň has açykdygy we guýrugynyň uzyndygy bilen tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi – Günbatar we Günorta Ýewropa, Ortaýer deňzi, Kiçi, Alynky, Orta Aziýa we Gazagystan. Türkmenistanda – daglyklaryň we derýalaryň jülgeleri we oazisler, uçup geçende çöllüklerde duşmaklary mümkin. Merkezi Afrikada we Günorta Arabystanda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän görnüş. Ýazyna apreliň başynda uçup gelýär, güýzine – awgust-sentýabrda uçup gidýär. Jeňňelliklerde, gür tokaýjyklarda, dynç alyş baglyklarda, seýilgählerde, derýajyklaryň boýlaryndaky ekilen agaçlarda ýaşaýar. Aprelde horazlary, adatça agaçlaryň üstüne çykyp, ertirine, agşamyna we bütin gijäniň dowamynda hyjuwly saýraýar. Mäkiýan guş ýerdäki çukurjykda ýa-da gyrymsylaryň aşaky böleginde höwürtge gurýar. Aprel-maýda 4-6 sany goňurrak-çalymtyl-ýaşyl reňkli ýumurtgalary goýýar, ölçegleri – 18.4-22.1 x 14.8-16.2 mm. Ýylda bir gezek köpelýär. Ýaş guşlar maýyň soňunda uçurym bolup, gyzlin gezýärler. Ýerden, otlaryň we topragyň üstünden mör-möjekleri çöpleýär: tom-

Полевые признаки: размером с воробья, но стройнее, **окраска сверху** однотонная, **рыжевато-бурая**, со слабым серо-зеленоватым оттенком, более выраженным в основании хвоста. **Хвост рыжий. Нижняя сторона тела однотонная, грязно-сливочно-белая**, несколько более темная на зобе и груди, и почти белая на горле и задней части брюшка. Ноги темно-бурые, глаза светло-коричневые. Легко обнаруживается по пению. Песня громкая, звучная, разнообразная. Позывка – низкое «фиуить-трр». Крыло – 85-95, хвост – 85.5-90, цевка – 25-29, клюв – 11.5-13.5 мм, вес – 21.7-29.6 г.

Сходства и отличия: похож на обыкновенного соловья, но крупнее и стройнее, отличается более светлой окраской и длинным хвостом.

Распространение: гнездовая часть ареала – Западная и Южная Европа, Средиземноморье, Малая, Передняя, Средняя Азия и Казахстан. В Туркменистане – горные и речные долины и оазисы, на пролете может встречаться и в пустыне. Зимует в Центральной Африке и Южной Аравии.

Образ жизни: Пролетно-гнездящийся вид. Весной прилетает в начале апреля, отлетает осенью в августе-сентябре. Обитает в тугаях, густых рощах, парках, садах, древесно-кустарниковых насаждениях вдоль речек. Самцы в апреле интенсивно поют, обычно в кронах деревьев, по утрам, вечерам и в течении всей ночи. Гнездо строит самка на земле или в нижней части кустарников. Кладка из 4-6 буро-серо-зеленоватых яиц, в апреле-мае, размеры – 18.4-22.1 x 14.8-16.2 мм. Обычно одна кладка в году. Молодые – с конца мая, держатся скрытно. Кормятся на земле, собирая пищу с травы и почвы, это различные насекомые – жуки, муравьи, гусеницы бабочек, клопы; могут по-

zaklary, garynjalary, kebelekleriň liçinkalaryny, ýasmyklary; ösümlikleriň miwelerini, aýratyn-da tudanany iýýärler.

Statusy: amatly şertli ýerlerde adaty, baglyklaryň we seýilgähleriň bezegi, guşlaryň arasynda owazy bilen saýlanýan saýrak guş. Emeli ýagdaýda saklanýan guş bolup biler, ýöne ol kapasada saýramaýar.

едать ягоды, в частности тутовник.

Статус: в подходящих местах обычная птица, является украшением садов и парков, ценится как непревзойденный певец среди наших птиц. Может служить объектом клеточного содержания, но в неволе не поет.

### 334. Adaty bilbil – *Luscinia luscinia* – Обыкновенный соловей

Meýdan alamatlary: serçäniň ölçeginde. **Üstki tarapy** çalymtyl-ýaşyl öwüşginli, guýrugynyň üstünde anyk bildirýän, **birmeňzeş goňurrakmelemtil reňkli. Guýrugy çyparrakgoňur. Petekesi, döşi, bedeniniň böwürleri kirliräk-çal, anyk saýlanyp duran insiz garamtyl dik çyzykly.** Garnynyň ortasy we bokurdagy agymtyl – kirliräk-ak. Aýaklary açyk goňur. Saýraýşy – dürli owazlaryň köp üýtgeýän we özbaşdak aýratynlygy bolan dürli sesleriň utgaşmalaryndan durýar. Çagyryş sesi edil günorta bilbiliňki ýaly. Ganaty – 79-91, guýrugy – 65.5-77.0, söbügi – 25-28, çüňki – 10.5-13.0 mm, agramy – 20.2-31.1 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: günorta bilbilinden meýdanda tapawutlandyrmak kyn, ýöne onuň **aşaky tarapy açyk-çypar däl-de kirliräkçal we gysgalan guýrugynyň goňur reňki bolýar.**

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi – Günorta Ýewropanyň, Kawkazy we Sibiri hem öz içine alýar. Türkmenistanda – uçup geçende ýaýraň duşmagy mümkin, ýöne daglyklara tarap çekilýär. Günorta-Gündogar Afrikanyň tropik sebitlerinde gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän görnüş, ýazyna apreliň soňunda we maýyň başynda, güýzine – awgustda we sentýabrda uçup geçýär. Agaçdyr gyrymsy agaçly, tokaý agaçlarynyň gür ösen ýerlerinde, baglyklarda we seýilgählerde saklanýar. Dürli mörmöjekleri, ösümlikleriň miwelerini iýýär.

Statusy: bizde az sanly, käbir ýerlerde adaty guş, ýöne uçup geçen mahaly saýramaýany üçin, känbir göze ilmeýär.

Полевые признаки: размером с воробья. **Окраска сверху однотонно коричневато-бурая**, с серозеленоватым оттенком, отчетливее заметным на надхвостье. **Хвост рыжевато–коричневый. Зоб, грудь, бока тела грязно-серые, с тонкими отчетливо выраженными темными продольными штрихами**. Середина брюшка и горла светлее – грязно-белые. Ноги светло-бурые. Песня состоит из сочетания различных трелей, имеющих много различных вариаций и индивидуальных различий. Позывка как у южного соловья. Крыло – 79-91, хвост – 65.5–77, цевка – 25-28, клюв – 10.5-13 мм, вес – 20.2-31.1 г.

Сходства – отличия: в природе почти не отличим от южного соловья, однако, имеет **грязно-серую окраску низа и укороченный хвост коричневого, а не светлорыжего цвета**.

Распространение: гнездовая часть ареала – умеренные широты Восточной Европы, включая Кавказ, и Сибири. В Туркменистане на пролетах может встречаться широко, но тяготеет к горным районам. Зимует в тропических областях Юго-Восточной Африки.

Образ жизни: пролетный вид, весной – в конце апреля и начале мая, осенью – в августе и сентябре. Придерживается различных древесно-кустарниковых участков, густых рощ, садов, парков. Кормится разнообразными насекомыми, поедает и ягоды.

Статус: у нас немногочисленная, местами обычная, но незаметная птица, поскольку на пролетах почти не поет.

### 335. Gökdamak bilbil – *Luscinia svecica* – Варакушка

Meýdan alamatlary: serçäniň ölçeginde, ýöne ykjam guş. **Horazynyň üsti çalymtyl-ýaşylymtyl öwüşginli birmeňzeş goňur, kellesinde düşnüksiz dik tegmilleri bolýar.** Gözüniň üsti agymtyl zolakly. **Bokurdagy we döşi tutuşlygyna açyk mawy, käýarym gök reňke boýalan ýaly**, onuň ortasynda ýyldyz görnüşli poslyrak-goňur ýa-da arassa ak tegmili ýerleşýär. **Döşüniň** aşaky gyrasy **gara we çypar zolaklar bilen jähekli.** Bedeniniň böwürleri çyparrak, ganatlary goňur, guýrugynyň düýbi çyparrak. **Mäkiýany garamtyl zolakly we döşli agymtyl menekli** we gowşak mawymtyl-çypar öwüşginli. Aýaklary agymtyl-gülgüneden gara çenli reňkli, çüňki garamtyl. Saýranda guşlar kellesini we guýrugyny ýokaryk galdyrýarlar. Saýraýşy owazly, dürli saýrak guşlaryň sesine öýkünmesi güýçli ösen. Gykylygy sesli "çak-çak". Ganaty – 60.0-75.5, guýrugy – 50.2-68.8, sobügi – 23.2-29.0, çüňki – 9.2-13.0 mm.

Полевые признаки: размером с воробья, но стройнее. **Самец сверху однотонно-бурый, с серо-зеленоватым оттенком, на голове неясные продольные пестрины**. Полоска над глазом беловатая. **На всем горле и груди – ярко голубое, иногда почти синее поле**, в центре которого располагается ржаво–коричневое или чисто белое пятно в виде звездочки. С нижнего края **грудь оторочена черной и рыжей полосками**. Бока тела рыжеватые, крылья бурые, хвост рыжеватый у основания. **Самка имеет беловатую грудь с темной полосой и пестринами** и легким голубовато-рыжим оттенком. Ноги от бледно-розового до почти черного цвета, клюв черноватый. Во время пения птица высоко поднимает голову и хвост. Песня звучная, сильно развито звукоподражание многим певчим птицам. Крик – довольно громкое «чак-чак». Крыло – 60-75.5, хвост – 50.2-68.8, цевка – 23.2-29, клюв – 9.2-13 мм.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: horazlary açyk mawy reňkli, bokurdagy we döşi hem-de petekesi çypar tegmillidigi bilen bilbillerden tapawutlanýar. Mäkiýanlary öçügsi reňkli, guýrugynyň reňkiniň açyk çypar düýplidigi we ujynyň garamtyl zolaklydygy bilen tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: giň, arealynda höwürtgeleýän bölegi - Ýewraziýanyň hemme ýerleri, gündogar we günorta - gündogar welaýatlaryndan başgalaryny öz içine alýar. Türkmenistanda – uçup geçende hemme ýerlerde görmek bolýar. Afrikanyň demirgazygyn-da, Alynky, Günorta (Hindistan) we Günorta-Gündogar Aziýada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän guş, höwürtgeleýän bolmaklary hem mümkin. Ýazyna martyň ortasyndan-apreliň aýagyna çenli, güýzine – sentýabryň başyndan oktýabryň aýagyna çenli uçup geçýär. Dürli agaç-gyrymsy agaçly jeňňelliklerde ýaşaýar, suw ýataklarynyň golaýyndaky çygly ýerlerde saklanýar. Esasan, mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sanly, uçup geçende käbir ýerlerde adaty guş.

Сходства – отличия: от соловьев самцы отличаются ярко-голубым горлом и грудью и рыжему пятну на зобе. Тускло окрашенные самки отличаются окраской хвоста – ярко-рыжее основание и темная полоса на конце.

Распространение: широкое, гнездовая часть ареала охватывает почти всю Евразию, за исключением восточных и юго-восточных областей. В Туркменистане на пролетах повсеместно. Зимуют в северной Африке, Передней, Южной (Индия) и Юго-Восточной Азии.

Образ жизни: пролетная птица, не исключено гнездование. Весенний пролет с середины марта до конца апреля, осенью – с начала сентября и до конца октября. Обитает в различных древесно-кустарниковых зарослях, тяготеет к сырым участкам вблизи воды. Питается, в основном, насекомыми.

Статус: немногочисленная, местами обычная на пролете птица.

### 336. Ak damak bilbil – *Irania gutturalis* – Соловей-белошейка

Meýdan alamatlary: serçeden sähelçe ulurak, arkasy külreňk-çal. **Boýnynyň gapdallary we guýrugy gara, gaşy ak, bokurdagy üçburç ak tegmilli.** Döşi we bedeniniň böwürleri açyk-çypar, garny agymtyl reňkli. **Mäkiýan guşlaryň arkasy goňurrak-çal, döşi goňurrak-çalymtyl-ýaşyl ýa-da çypar öwüşginli we düşnüksiz kese gara tegmilli.** Çüňki we aýaklary gara. Guýrugyny oturanda sallamly ýaýkap, ony ýygnaýar we ýaýradýar. Saýraýşy – sesli owazlaryň toplumy. Gykylygy – batsyzrak sykylyk bolup, güňlenç şowhun bilen tamamlanýar. Mäkiýan guşyňky – seýrek, ýöne “basyp çykarma” sesli. Ganaty – 86.4-100.2, guýrugy – 67.4-85.2, sobügi – 23.5-27.2, çüňki – 11.0-14.9 mm, agramy – 22.0-24.5 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: Türkmenistanda meňzeş görnüşleri ýok.

Ýaýran ýerleri: Kiçi, Alynky we Orta Aziýanyň günorta (daglyk) bölegi. Türkmenistanda – Köýtendagda, Günorta Arabystanda we Gündogar Afrikada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: höwürtgeleýän guş, aprelde uçup gelýär, awgustda – uçup gidýär. Dagyň eňňitlerindäki gyrymsy agaçlykda we arçalykda gezýär. Jübütleşýän döwründe horazlary açyk ýerde oturyp, uzakly gün saýraýarlar. Okara görnüşindäki höwürtgesi ýerden 30-150 sm ýokarda, arçada we beýleki gyrymsylarda ýerleşýär. Maý-iýunda 4-6 sany poslurak-goňur meneklije ýaşylymtyl-gök ýumurtgalary goýýar. Dürli mör-möjekleriň (maslykçy tomzaklary, jyk-jyklary, ädiktikenleri, garynjalary) we ösümlikleriň miwelerini iýýär.

Statusy: az sanly, çäkli ýaýran, amatly ýerlerde adaty guş, Köýtendag goraghanasynyň guşlarynyň iň täsin wekilleriniň biri.

Полевые признаки: чуть крупнее воробья, спина пепельно-серая. **Шея по бокам и хвост черные, бровь белая, на горле – треугольное белое пятно**. Грудь и бока тела ярко-рыжие, брюшко беловатое. **У самки спина буровато-серая, на груди буровато-серо-зеленый или рыжий налет и неясные поперечные темные пятна**. Клюв и ноги черные. Сидя, птица плавно покачивает хвостом, складывая и распуская его. Песня – набор громких трелей. Крик – негромкий свист, заканчивающийся глухим треском. У самки – редкое, но звонкое «чеканье». Крыло – 86.4-100.2, хвост – 67.4-85.2, цевка – 23.5-27.2, клюв – 11-14.9 мм, вес – 22-24.5 г.

Сходства – отличия: в Туркменистане сходных видов нет.

Распространение: Малая, Передняя и южная (горная) часть Средней Азии. В Туркменистане – Койтендаг. Зимует в Южной Аравии и Восточной Африке.

Образ жизни: гнездящийся вид, прилетает в апреле, отлетает в августе. Древесно-кустарниковая птица, придерживается горных склонов, заросших кустарниками и арчевниками. В брачный период самцы поют почти весь день, сидя открыто. Гнездо в виде глубокой чаши, прикрепляется к веткам арчи и других кустарников на высоте 30-150 см от земли. Кладка из 4-6 зеленовато-голубых с ржаво-бурыми пятнами яиц, в мае-июне. Питаются различными насекомыми (жуки мертвоеды, чернотелки, слоники, муравьи) и ягодами.

Статус: немногочисленная, в подходящих местах обычная птица с ограниченным распространением, один из интересных представителей Койтендагского заповедника.

### 337. Alaganat gyzylguýruk – *Phoenicurus erythronotus* – Красноспинная горихвостка

Meýdan alamatlary: horazynyň **kellesiniň üsti we boýny külreňk-çal, kellesiniň gapdallary inli gara zolakly. Döşi, bokurdagy, arkasy, guýrugynyň üsti we guýrugy bölekleýin çypar reňkli.** Ganat-

Полевые признаки: у самца **верх головы и шеи пепельно-серые, по бокам головы широкие черные полосы. Грудь, горло, спина, надхвостье и частично хвост – рыжие**. Крылья бурые с

lary dik ak zolakly goňur. **Mäkiýany** agymtylrak garynly, **goňurrak - çal**, guýrugy edil horazynyňky ýaly çypar. Aýaklary we çüňki gara. Ýerde guýrugyny yzygiderli çaýkap, kiçiräk towsup hereket edýär. Sesi – "fýüit" ýiti sykylyk we basyk "trr". Ganaty – 75.5-90.0, guýrugy – 67-82, söbügi – 21.0-23.5, çüňki – 8.5-12.0 mm, agramy – 18.5-22.1g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: horazy arkasynyň çypar reňklidigi we ölçegleriniň has uludygy bilen beýleki gyzylguýruklardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Orta we Merkezi Aziýanyň daglyk sebitleri. Türkmenistanda – Köýtendagda. Alynky we Günorta (Hindistanda) Aziýada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: gyslaýan guş. Daglyklaryň we derýalaryň jülgelerinde, az-owlak oazislerde agaç - gyrymsy agaçly ýerlerde mekan tutýar. Ýekelikde, jübüt we kiçiräk topar bolup gezýär. Köplenç, mörmöjekler, ýöne güýz-gyş döwründe esasan ösümlikleriň miweleri bilen iýmitlenýär.

Statusy: çäkli seýrek ýaýran, az öwrenilen guş.

продольной белой полосой. **Самка буровато-серая** с беловатым брюшком и рыжим, как у самца, хвостом. Ноги и клюв черные. По земле передвигается небольшими прыжками, постоянно подергивая хвостом. Голос – звонкий посвист «фьюить» и глухое «трр». Крыло – 75.5-90, хвост – 67-82, цевка – 21-23.5, клюв – 8.5-12 мм, вес – 18.5-22.1 г.

Сходства – отличия: от других горихвосток самец отличается рыжей спиной и более крупными размерами.

Распространение: горные районы Средней и Центральной Азии. Зимует в Туркменистане – в южной его половине; а также в Передней и Южной (Индостан) Азии.

Образ жизни: зимующая птица. Населяет участки с древесно-кустарниковыми насаждениями в горных и речных долинах, оазисах. Держатся в одиночку, парами и небольшими группами. Преимущественно насекомоядная птица, однако, в ее пище встречаются ягоды и другие растительные корма, которые осенью и зимой становятся основными.

Статус: редкая, малоизученная у нас птица.

## 338. Garaja gyzylguýruk – *Phoenicurus ochruros* – Горихвостка-чернушка

Meýdan alamatlary: serçe ölçeginde, **çyparrak garny we guýrugy ýelek örtüginiň külreňk-gara reňkinden çürt-kesik tapawutlanýar. Horazy garamtylrak, guýrugy mämişiräk-gyzyl reňkli, ýöne bizde böwürleri we garny çypar horazlarynyň gabat gelmegi hem mümkin.** Ýelek örtügi gyş döwründe çalymtyl öwüşgini alýar. **Mäkiýany çypar reňksiz, diňe çalymtyl-goňur çypar ýokundyly duşýar.** Çüňki we aýaklary gara. Bu gyzylguýruk hem, edil adaty gyzylguýruk ýaly elmydama guýrugyny galgadýar. Saýraýşy ses owazlaryndan durýar, olaryň arasynda gyjyrdyly sesler we dökülýän ownuk daşlaryň çygşyldysy ýaly özboluşly goh ýygy-ýygydan eşidilýär. Çagyryş sesi güýçli "fýuit-tik-tik". Ganaty – 75.2-87.5, guýrugy – 56.0-69,8, söbügi – 21.0-25.5, çüňki – 8.6-12.8 mm, agramy – 12.8-18.3 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: maňlaýynyň çal reňklidigi we döşüniň tutuşlygyna garadygy bilen (horazy) adaty gyzylguýrukdan tapawutlanýar. Mäkiýanlary we ýaşlary meňzeş, emma adaty gyzylguýrukdan sähelçe garamtylrak.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi Günbatar we Günorta Ýewropany, Kawkazy, Kiçi, Alynky, Orta we Merkezi Aziýany öz içine alýar. Türkmenistanda – daglyklarda. Günorta Ýewropada, Demirgazyk Afrikada, Arabystanda, Kiçi Aziýada we Hindistanda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: höwürtgeleýän görnüş, martyň ortasynda we aprelde uçup gelýär, sentýabrda uçup gidýär. Daglyklaryň derelerinde we gyrymsyly, arçaly gury eňňitlerde mekan tutýar. Höwürtgesi adatça jaýryklarda, ýerde ýa-da daşlaryň arasynda. Iýunda-iýulyň başynda 4-6 sany ak diýen ýaly ýa-da açyk mawumtyl-ýaşylymtyl ýumurtgalary goýýar. Ýumurtgalarynyň ölçegleri - 18.2-20.2 x 13-15.1 mm. Dürli mörmöjekler - tomzaklar, kekeneler, hozhozanaklar, çekirtgeler, garynjalar, ýyzlanlar bilen iýmitlenýär, jüýjelerini - kebelekleriň liçinkalary, göniganat-

Полевые признаки: размером с воробья, пепельно-черное оперение контрастирует с рыжеватым. **Самец с серой «шапочкой», верхняя сторона, горло и грудь - черные, а нижняя часть тела – коричнево-рыжеватая. У самок и молодых рыжеватых тонов в оперении заметно меньше**. Клюв и ноги черные. Эта горихвостка, также как обыкновенная, постоянно встряхивает хвостом. Песня состоит из трелей, среди которых часто слышатся скрипящие звуки, как бы схожие с шорохом осыпающихся камешков. Позывка – звонкое «фьюить–тик–тик». Крыло – 75.2-87.5, хвост – 56-69.8, цевка – 21-25.5, клюв – 8.6-12.8 мм, вес – 12.8-18.3 г.

Сходства – отличия: от обыкновенной горихвостки отличается серым цветом лба и черным на всей груди (самец). Самки и молодые схожи, но чуть темнее самок обыкновенной горихвостки.

Распространение: гнездовая часть ареала вида охватывает Западную и Южную Европу, Кавказ, Малую, Переднюю, Среднюю и Центральную Азию. В Туркменистане – в горных районах. Зимует в Южной Европе, Северной Африке, в Аравии, Малой Азии и на Индостане.

Образ жизни: гнездящийся вид, появляется с середины марта и в апреле, отлетает в сентябре. Населяют горные ущелья и сухие склоны с кустарниками, арчевники. Гнезда обычно в трещинах, на земле или между камнями. Кладка из 4-6 почти белых или бледно-голубовато-зеленых яиц, в июне-начале июля. Размеры яиц – 18.2-20.2 x 13-15.1 мм. В пище различные насекомые – жуки, божьи коровки, златки, клопы, саранчовые, муравьи, цикады, птенцов выкармливают гусеницами, прямокрылыми, бабочками, слепнями, пауками. В осеннее время поедают и мелкие ягоды.

lylar, kebelekler, gögeýinler we möýler bilen iýmitlendirýärler. Güýz döwründe maýdaja miweleri hem çokýar.

Statusy: az sanly (gizlin gezýändigi we adaty gyzylguýruk bilen meňzeşligi sebäpli, köp osoblary görülmän galýar), amatly şertli ýerlerde adaty guş.

Статус: немногочисленная (из-за скрытного поведения и схожести с обыкновенной горихвосткой многие особи остаются незамеченными), в подходящих местах обычная птица.

### 339. Adaty gyzylguýruk – *Phoenicurus phoenicurus* – Обыкновенная горихвостка

Meýdan alamatlary: gelşikli, serçe ölçegli. Çürt-kesik tapawutlanýan reňkli. **Horazynyň arkasy we kellesi külreňk-çal, maňlaýy ak. Ganatlary goňur, käte ak "aýnajykly". Döşi, garny, böwürleri, ganatynyň aşagy we guýrugy – poslurak-gyzyl reňkli. Bokurdagy we kellesiniň gapdallary – gara. Aýaklary we çüňki – gara.** Mäkiýanynyň goňur reňki köp, guýrugynyň üsti we guýrugy çyparrak-gyzylymtyl. Aýaklary goýy goňur, çüňki – gara. Saýraýşy – pessaýja "fiii-çrr", çagyryşy sykylykly – "fi-it, fi-it". Ganaty – 71.0-84.5, guýrugy – 51-66, söbügi – 20.0-24.6, çüňki – 8.3-11.2 mm, agramy – 10.1-17.0 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: horazynyň maňlaýynyň akdygy, olary garaja gyzylguýrugyň horazyndan tapawutlandyrýar. Mäkiýan guşlary tebigatda biri-birlerinden tapawutlandyrmak kyn.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi – Ýewropany, Kiçi, Alynky Aziýany we Sibiri (Baýkal kölüne çenli) öz içine alýar. Türkmenistanda – uçup geçende hemme ýerlerde duşýar. Afrikanyň Merkezi sebitlerinde we Arabystanyň günortasynda gyşlaýar.

Полевые признаки: размером с воробья, но заметно стройнее. Имеет контрастную окраску. **Спина и голова самца пепельно-серого цвета, лоб белый. Крылья бурые, иногда с белым «зеркальцем». Грудь, брюхо, бока, подкрылья и хвост – ржавчато-красного цвета. Горло и бока головы – черные**. Ноги и клюв черные. Преобладающая окраска самки бурая с рыжевато-красноватым надхвостьем и хвостом. Ноги темно-бурые, клюв черный. Песня – не громкое «фиии-чрр», позывка – свистовое «фи-ить, фи-ить». Крыло – 71-84.5, хвост – 51-66, цевка – 20-24.6, клюв – 8.3-11.2 мм, вес – 10.1-17 г.

Сходства – отличия: самец отличается от самца горихвостки-чернушки белым лбом. Самки в природе почти неразличимы.

Распространение: гнездовая часть ареала охватывает Европу, Малую, Переднюю Азию и Сибирь (до Байкала). В Туркменистане повсеместно на пролете. Зимует в Центральных областях Африки и на юге Аравии.

Образ жизни: пролетный вид, встречается как в горах, так и на равнинах весной – со второй по-



Ýaşaýşy: uçup geçýän görnüş, ýazyna apreliň ikinji ýarymyndan maýyň aýagyna çenli, güýzine – oktýabrda daglyk, şeýle-de düzlüklerde gabat gelýär. Dürli agaçdyr gyrymsy agaçly ýerlerde saklanýar. Ganatly garynjalary, ýasmyklary, ädiktikenleri, beýleki mör-möjekleri awlaýar.

Statusy: adaty, käbir ýerlerde az sanly guş.

ловины апреля до середины мая, осенью – в октябре. Держатся в различных местообитаниях, предпочитают древесно-кустарниковые участки. Питаются крылатыми муравьями, клопами, долгоносиками, щелкунами и другими насекомыми.

Статус: обычная, местами немногочисленная птица.

### 340. Çemen jakjakysy – *Saxicola rubetra* – Луговой чекан

Meýdan alamatlary: serçeden maýda. **Horazynyň arka tarapy goýy-goňur**, ýelekleri posluak-çal jähekli. **Çüňkinden we gözüniň üstünden ak zolak geçýär. Bokurdagy, petekesi we böwürleri garamtylrak-çypar**, garny we guýrugynyň aşagy agymtyl-çypar reňkli. **Guýrugynyň düýbi ak we ujy garamtylrak-goňur.** Çüňki we aýaklary gara. Mäkiýan guşyň reňki tutuk, ýaş guşlar alarak. Guýrugynyň düýbüniň gyralaryndaky ak tegmil ýerden göterilen wagty oňat görünýär. Guş ýygy-ýygydan gyrymsylaryň depesinde oturýar we wagtal-wagtal guýrugyny ýaýkaýar. Sesi – "i-tek-i-tek-tek-tek" . Ganaty – 71-81, guýrugy – 43-50,6, söbügi – 20.5-23.5, çüňki – 8.5-12 mm, agramy – 14.1-18.7 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: agymtyl gaşy bilen garabaş jakjakydan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi tutuş Ýewropany, onuň günorta-günbatar we demirgazyk-gündogar etraplary, Kawkazy, Günbatar we Orta Sibiri öz içine alýar. Türkmenistanda dürli ýerlerde duşmagy mümkin, ýöne derýalaryň jülgelerine we suw joşup giňän ýerlere ýakyn bolmagy halaýar. Afrikanyň

Полевые признаки: мельче воробья. У **самца спинная сторона темно-бурая** с ржавчато–серыми окаймлениями перьев. **От клюва и над глазом белая полоса. Горло, зоб и бока темно-рыжие**, брюхо и подхвостье бело-рыжеватые. **Хвост белый у основания и черновато-бурый на конце**. Клюв и ноги черные. Самка окрашена бледнее, молодые пестроватые. При взлете хорошо видны белые пятна по краям основания хвоста. Птицу часто можно видеть сидящей на вершине кустов. Время от времени взмахивает хвостом. Голос – «и-тэк-и-тэк-тэк-тэк». Крыло – 71-81, хвост – 43-50.6, цевка – 20.5-23.5, клюв – 8.5-12 мм, вес – 14.1-18.7 г.

Сходства – отличия: от черноголового чекана отличается светлой бровью.

Распространение: гнездовая часть ареала охватывает почти всю Европу, исключая ее юго-западные и северо-восточные районы, Кавказ, Западную и Среднюю Сибирь. В Туркменистане вид может быть встречен в разных местах, но тяготеет к поймам и долинам рек. Зимует в тропической Африке, в зоне саванн.

tropik ýerlerinde, sawanna zolagynda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän guş, köplenç gyrymsy çemenliklerde jeňňellerde saklanýar. Ýeke ýa-da jübüt bolup gezýär. Tomzaklar, garynjalar, ýasmyklar, möýler, balykgulaklar, gurçuklar bilen iýmitlenýär.

Statusy: bizde seýrek, gowşak öwrenilen guş.

Образ жизни: пролетный вид, населяет, преимущественно, сырые луга, заросшие кустарниками или высокими травами. Держатся в одиночку и парами. Питаются жуками, муравьями, клопами, пауками, моллюсками, червями.

Статус: у нас редкая, слабо изученная птица.

### 341. Garabaş jakjaky – *Saxicola torquatus* – Черноголовый чекан

Meýdan alamatlary: ululygy we reňki boýunça çemen jakjakyny ýatladýar, ýöne horazynyň **kellesi, arkasy we ganatlary gara, gözüniň üsti ak zolaksyz. Döşi poslurak-çypar ýokundyly, garny we guýrugynyň üsti – ak. Boýnynyň gapdallary inli ak zolakly.** Mäkiýanynyň gara reňki goňurrak-çal bilen çalyşýar. Ýaşlary ýagty dik menekli goňur. Çüňki we aýaklary gara. Saýraýşy – jikgildili owazlar. Ganaty – 62-72, guýrugy – 43.5-55.0, söbügi – 18.5-24.0, çüňki – 8.2-11.0 mm, agramy – 11.1-17.0 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: kellesiniň gara (horazy) ýa-da goňurdygy (mäkiýany) bilen çemen jakjakdan, boýnyndaky ak zolaklary bilen gara jakjakyň horazyndan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: giň, arealynda höwürtgeleýän bölegi Ýewropany, onuň merkezi we demirgazyk oblastlaryndan başgalaryny we Aziýany, demirgazyk, günorta we günorta-gündogar böleginden başgalaryny, şeýle-de Afrikanyň günorta bölegini öz içine alýar. Türkmenistanda – Köpetdagda we onuň eteklerinde. Afrikada, Alynky Aziýada, Hindistanda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürt-

Полевые признаки: по величине и окраске очень напоминает лугового чекана, но у самца **голова, спина и крылья черные, отсутствует белая полоса над глазом. Грудь с ржаво-рыжим налетом, а брюшко и надхвостье – белые. По бокам шеи широкие белые полосы**. У самки черный цвет заменен буро-серым. Молодые – бурые со светлыми продольными пестринами. Клюв и ноги черные. Песня – щебечущая трель. Крыло – 62-72, хвост – 43.5-55, цевка – 18.5-24, клюв – 8.2-11 мм, вес – 11.1-17 г.

Сходства – отличия: от лугового чекана отличаются черной (самцы) или бурой (самки) головой, от самцов черного чекана – белыми полосами на шее.

Распространение: широкое – гнездовая часть ареала охватывает Европу, исключая ее центральные и северные области, и Азию, кроме северных, южных и юго-восточных частей, а также южную половину Африки. В Туркменистане – горы Копетдаг и его предгорья. Зимует в Африке, Передней Азии, Индии и Индокитае.

Образ жизни: пролетная, гнездящаяся птица, весенний пролет в



geleýän guş, ýazyna martda we apreliň birinji ýarymynda, güýzine – awgustda we oktýabryň ortasyna çenli uçup geçýär. Çemenliklerde ýa-da suw basan gyrymsylyklarda we ösgün otluklarda, düzlüklerde we daglyklarda ýaşaýar. Çöllüklerden, we şorluklardan gaça durýar. Köplenç höwürtgesini ýerde, gyrymsylaryň ýa-da ösgün otlaryň aşagyndaky çukurjykda gurýar. Adatça, apreliň aýagynda we maýyň başynda 5-6 sany poslurak-gyzgylt meneklije kirliräk-ak ýa-da gögümtil öwüşginli ýumurtgalary goýýar, ölçegleri – 15.3-18.7 x 12.8-13.7 mm. Mör-möjekler (tomzaklar, ýol arylary, ýasmyklar, garynjalar) we az mukdarda möýler, balykgulaklar bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sanly, çäkli ýaýran görnüş.

марте и первой половине апреля, осенний – с августа и до середины октября. Населяет луговые или пойменные участки с кустарниками и высоким разнотравьем, на равнинах и в горах. В пустынных районах и на солончаках не селится. Гнезда чаще всего устраивают на земле, в ямке, под прикрытием кустика или травы. Кладка из 5-6 грязно-белого или голубоватого оттенка с ржаво-красными пятнами яиц, обычно в конце апреля и мае. Размеры яиц – 15.3-18.7 x 12.8-13.7 мм. Питаются насекомыми (жуками, прямокрылыми, перепончатокрылыми, гусеницами бабочек, наездниками, клопами, муравьями) и в небольшом количестве паукообразными, моллюсками.

Статус: немногочисленный вид с ограниченным распространением.

### 342. Gara jakjaky – *Saxicola caprata* – Черный чекан

Meýdan alamatlary: serçe ölçeginde, horazlarynyň **ýelek örtüginiň esasy reňki ak. Garnyndan, eginlerindäki we guýrugynyň üstündäki ak zolaklardan başga ýerleri gara.** Mäkiýan guşlaryň guýrugynyň üsti poslurak, goýy goňur, garny has açyk reňkli. Aýaklary we çüňki gara. Adatça, gyrymsynyň, daşlaryň depesinde ýa-da simleriň üstünde oturýar. Sesi – pert hökümli owaz “tzak-tzak”, haçan-da guş bimaza bolan ýagdaýynda üç bogunly sesleri çykarýar – “hwid-dzak-dzak”. Ganaty – 68.5-78.7 guýrugy – 51-58, söbügi – 21-23, çüňki – 9.9-11 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: gara-ak reňkleriň utgaşigy bilen beýleki jakjakylardan, ölçeginiň kiçi we

Полевые признаки: размером с воробья, у самцов **основной цвет оперения черный, кроме белого брюшка, полоски на плечах и надхвостья**. Самка темно-бурая с ржавчатым надхвостьем, брюшко более светлое. Ноги и клюв черные. Обычно сидят на вершине куста, камня, или проводах. Голос – резкий настойчивый звук «тзак-тзак», когда птица возбуждена, издает трехсложный звук «хвид-дзак-дзак». Крыло – 68.5-78.7, хвост – 51-58, цевка – 21-23, клюв – 9.9-11 мм.

Сходства – отличия: от других чеканов отличается контрастной черно-белой окраской, от черной каменки – более мелким размером

eginleriniň ak belligi bilen gara çekeýikden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Alynky, Orta, Günorta, bölekleýin Günorta-Gündogar Aziýa we Hindi-Awstraliýa arhipelagynyň adalary. Türkmenistanda – daglyklarda, ähli derýalaryň jülgelerinde we oazislerde. Arealynyň günorta böleginde gyşlaýar.

Ýaşaýşy: höwürtgeleýän guş, apreliň soňunda uçup gelýär, awgustda-sentýabrda – uçup gidýär. Oazislerdäki suw basan çygly çemenlikleriň we dag eteklerindäki howdanlaryň kenarýakalaryndaky ösgün otluklaryň, adamyň ýaşaýan ýerine golaý bolan ýerleriň ýaşaýjysy. Ýeke we jübüt bolup gezýär. Höwürtgesini ýerde, gyrymsylary penalaýan çukurjykda, harabalarda, malýataklarda gurýar. Maý-iýunda 4-5 sany yumurtga goýýar, ölçegleri – 15.2-19.2 – 12.9-15.0 mm. Esasan ýerdäki, oturan ýerinden uçup, awlap, yzyna gaýdyp gelip, dürli mör-möjekler – teneçirler, ýasmyklar, garynjalar şirejeler we başgalar bilen iýmitlenýär.

Statusy: adaty görnüş, iň giň ýaýrany bizdäki jakjakylar.

и белой отметиной на плечах.

Распространение: Передняя, Средняя, Южная, частично Юго-Восточная Азия и острова Индо-Австралийского архипелага. В Туркменистане – по горным и всем речным долинам и оазисам. Зимует в южных частях отмеченного ареала.

Образ жизни: гнездящийся вид, появляется в конце апреля, отлетает в августе-сентябре. Обитатель сырых пойменных лугов в оазисах и предгорий по берегам водоемов с высокими злаками, порой поблизости от человека. Держится в одиночку и парами. Гнезда на земле в основании кустиков, углублениях почвы, в полуразрушенных постройках и даже на скотных дворах. Кладка из 4-5 яиц в мае-июне, размеры – 15.2-19.2 x 12.9-15 мм. Кормятся, главным образом, на земле, слетая с куста и возвращаясь с добычей обратно. В пище различные насекомые – стрекозы, клопы, муравьи, тли и др.

Статус: обычный вид, наиболее распространенный из наших чеканов.

### 343. Boz çekeýik – *Oenanthe isabellina* – Каменка-плясунья

Meýdan alamatlary: özgelere garanyňda aýaklary uzyn, serçe ölçegili guş. **Arka tarapy çägepisint-goňur, solan ýagty gaşly.** Aşaky tarapy çagepisint-poslurak, petekesi we döşüniň öňki bölegi çägepisint reňkli. Ganatlary goýy goňur, **uç tarapy gara ak guýrukly.** Mäkiýany horazyna garanyňda tutuk reňkli. Çüňki we aýaklary gara. Sesi – "çek-çek". Saýraýşy sesli, aglaba guşlaryň dürli görnüşleriniň ses owazlarynyň toplumy, gemrijileriň hininde ýaşaýandygy üçin, olaryň sesine ýygy-ýygydan öýkünýärler. Saýraýan horazy guýrugyny ýaýradyp, ýokaryk bir näçe metr göterilýär, az salym howada saklanyp, ýene-de yzyna gaýdyp gelýär. Ýerde çalt-çaltdan ylgaýar. Ganaty – 87.5-103.0, guýrugy – 52-62, söbügi – 28-34, çüňki – 13-16 mm, agramy – 21.9-35.5 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: ganatynyň aşagynyň agymtyldygy we aýaklarynyň uzyndygy bilen beýleki çekeýiklerden tapawutlanýar. Ol öçügsi reňki bilen adaty we beýleki çekeýikleriň mäkiýanlaryna çalym edýär.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi Günorta-Gündogar Ýewropany, Kiçi, Alynky, Orta we Merkezi Aziýany we Gazagystany öz içine alýar. Türkmenistanyň düzlüklerinde, ýöne derýalaryň jülgelerinden we oazislerden, şeýle-de daglaryň ýokarky kemerlerinden çetde durýar. Demirgazyk-Gündogar we Gündogar Afrikada, Arabystanda, Alynky Aziýada we Hindistanda demirgazyk-gündogarynda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän höwürtgeleýän, günorta raýonlarda bölekleýin gyşlaýan guş. Ýazyna fewralyň aýagynda we martda, güýzine – awgustda we oktýabryň soňunda uçup geçýär. Açyk landşaftyň peslik we seýrek ot örtükli, gyrymsy, sazakly ýerlerini halaýar. Berkän we ýarym berkän çäge-çöllükde, dagöňi düzlüklerde we daglardaky sähra meýdanlarda gabat gelýär. Martyň ortasynda, gemrijileriň hinlerinde, käte gum gaýalaryň jaýryklarynda, daşlaryň arasynda höwürtge gurýar (esasan mäkiýany). Höwürtgesi hiniň

Полевые признаки: птица размером с воробья, с относительно длинными ногами. **Спинная сторона песчано-буроватая, неясно выраженная светлая бровь**. Низ песочно-ржавый, зоб и передняя часть груди песочного цвета. Крылья темно-бурые, **хвост белый, на конце черный**. Самка тусклее самца. Клюв и ноги черные. Голос – «чек-чек». Песня громкая, преимущественно комбинация голосов других видов птиц, часто подражают голосу грызунов, в поселениях которых эти птицы живут. Поющий самец обычно взлетает с развернутым веером хвостом круто вверх на несколько метров, зависает почти на одном месте, а затем возвращается. По земле бегают быстро. Крыло – 87.5-103, хвост – 52-62, цевка – 28-34, клюв – 13–16 мм, вес 21.9–35.5 г.

Сходства – отличия: от других каменок отличается светлым исподом крыла и более высокой посадкой на ногах, в целом более тусклой окраской, очень схожи с самками обыкновенной и других каменок.

Распространение: гнездовая часть ареала охватывает Юго-Восточную Европу, Малую, Переднюю, Среднюю и Центральную Азию и Казахстан. В Туркменистане распространена широко на равнинах, но речных долин и оазисов избегает, а также в горах до верхнего пояса. Зимует в Северо-Восточной и Восточной Африке, Аравии, Передней Азии и северо-востоке Индостана.

Образ жизни: пролетная, гнездящаяся, частично зимующая в южных районах птица. Весенний пролет с конца февраля и в марте, осенний – в августе и до конца октября. Предпочитают открытые ландшафты с низким и редким травянистым покровом, участки с небольшим количеством кустарников, разреженные саксаульники. Встречаются на закрепленных и полузакрепленных песках, в предгорьях и нагорных степях. Гнезда строят (в основном самки) в середине марта, обычно в норах грызу-

düýbüräginde ýerleşýär (çuňlugy 40-310 sm çenli). Ýumurtgalarynyň gabygy gowşak ýalpyldyly ýylmanak, açyk-gögümtil reňkli, ölçegleri – 20.2-22.9 x 15.3-17.0 mm. Aprel-maý aýynda jüýjeleýär. Iýmiti ýerden we gemrijileriň hininden çöpleýär - mörmöjekler (garynjalar, tomzaklar, sarygarynjalar, çekirtgeler, ýasmyklar), sakyrtgalar, eşekýassyklar, möýler, kyrkaýaklar, balykgulaklar, seýrek maýda suwulganlar.

Statusy: adaty, käbir ýerlerde az sanly, çekeýikleriň arasynda giň ýaýran guş. Böz çekeýigiň, şeýle-de çekeýikleriň beýleki görnüşleriniň gemrijileriň hinleri bilen baglanyşyklydygy sebäpli, olaryň ýokanç we köpçülikleýin geçýän keselleri ýaýratmakda belli bir gatnaşygy bolýar.

нов, иногда и в трещинах обрывов и скал, и между камнями. Гнездо помещается глубоко в норе (от 40 до 310 см). Яйца с гладкой, слабо блестящей скорлупой светло-голубого цвета. Размеры яиц – 20.2-22.9 х 15.3-17.0 мм. Птенцы – в апреле-мае. Корм собирают на земле и в норах грызунов. В пище насекомые (муравьи, жуки, термиты, саранчовые, клопы), клещи, мокрицы, пауки, многоножки, моллюски, реже мелкие ящерицы.

Статус: обычная, местами немногочисленная птица, наиболее распространенная среди каменок. Тесная связь каменки-плясуньи, как и других видов каменок, с поселениями грызунов обуславливает определенное эпизоотическое и эпидемиологическое ее значение.

### 344. Adaty çekeýik – *Oenanthe oenanthe* – Обыкновенная каменка

Meýdan alamatlary: bedeni süýrüräk bolup, **guýrugy gara-ak nagyşly**, serçeden sähelçe kiçi ölçegli guş. Horazynyň **kellesiniň üsti, boýny we arkasy çal**, käte bili çalymtyl-goňur ýokundyly. **Maňlaýy, gaşy we guýrugynyň üsti ak, ganatlary gara ýa-da garamtyl-goňur. Aşaky tarapy ak çyparrak öwşginli, ol döşünde has goýalýar.** Ganatynyň aşagy gara, ýelekleriniň gyrasy ak jähekli. Çüňki we aýaklary gara. Mäkiýan we ýaş guşlar solak reňkli – çalymtyl-goňur. Mäkiýan guşlaryň arka tarapy çägepisint-çal, garny – çyparrak reňkli. Guşlar gysga towusmak bilen ýerde çalt hereket edýärler, duran mahaly edil “baş egýän” ýaly aýagyny epýär we guýrugyny galdyryp düşürýär. Uçanda guýrüküsti

Полевые признаки: размером чуть меньше воробья, но с удлиненной формой тела и характерным **черно-белым рисунком на хвосте**. У самца **верх головы, шея и спина серые**, поясница иногда с серо-бурым налетом. **Лоб, бровь и надхвостье белые, крылья черные или черно-бурые. Низ белый с рыжеватым оттенком, наиболее развитым на груди**. Испод крыла черный, с белыми каемками перьев. Клюв и ноги также черные. Самки и молодые окрашены тусклее – серо-бурые. У самки спинная сторона песочно-серая, брюшная рыжеватая. По земле передвигаются быстрыми короткими прыжками, остановившись, птица приседает – как бы «кланяется», и



ýelekleriniň akdygy oňat görünýär. Sesi anyk eşidilýän “i-çek-çek”. Ganaty – 86.0-105.0, guýrugy – 50-60, söbügi – 24.5-27.0, çüňki – 11.5-15.5 mm, agramy – 20-27 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: horazy arkasynyň çaldygy bilen beýleki çekeýiklerden tapawutlanýar. Mäkiýanlary we ýaş guşlar bozçekeýige, şeýle-de çekeýikleriň beýleki görnüşlerine örän çalymdaş, diňe döşüniň goýy çypardygy we ganatlarynyň has garamtyldygy bilen tapawutlandyrylýar.

Ýaýran ýerleri: giň – Ýewraziýanyň demirgazyk çetlerinden, gündogar, günorta-gündogar we günorta sebitlerinden başga, hemme ýerlerinde, Demirgazyk Amerikanyň demirgazygynda. Türkmenistanda – uçup geçende hemme ýerlerde, oazisde azyrak duşýar. Alynky Aziýada, Hindistanyň demirgazyk-günortasynda, Günorta Arabystanda we Merkezi Afrikada, Demirgazyk Amerikanyň gündogar oblastlarynda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän guş. Ýazyna fewralyň soňunda uçup gelýär, martyň ortasyna çenli uçup geçmegi dowam edýär. Güýzine – awgustyň soňundan oktýabryň aýagyna çenli. Açyk we gurak giňişlikleri halaýar, beýikli-pesli düzlüklerde we daglyklarda gezýär. Daglyklarda seýrek gyrymsyly, arçaly dag eňňitlerinde gezýär. Ýerde, gyrymsylaryň, daşlaryň üstünde ýeke we jübüt bolup duşýar. Gemrijileriň hinlerinde, gaýalaryň ýarçyklarynda, daşlaryň arasynda höwürtge gurýar. Apreliň soňunda, maýda we iýunyň başynda 4-6 sany gyzylymtyl-goňur meneklije agymtyl - gögümtilräk reňkli ýumurtgalary goýýar, ölçegleri – 19.8-21.2 x 15.2-16.6 mm. Dürli

дергает хвостом. В полете хорошо заметно белое надхвостье. Голос – отчетливое «и–чек-чек». Крыло – 86.0-105, хвост – 50–60, цевка – 24.5–27.0, клюв – 11.5–15.5 мм, вес 20-27 г.

Сходства – отличия: самец от других каменок отличается серой спиной. Самки и молодые очень похожи на каменку плясунью и самок других видов каменок, отличаясь лишь более темной рыжеватой грудью и более темными крыльями.

Распространение: широкое – почти вся Евразия, кроме крайнего севера, восточных, юго-восточных и южных областей, на севере Северной Америки. В Туркменистане на пролете повсеместно, в оазисах заметно меньше. Зимуют в Передней Азии, на северо-западе Индостана, в Южной Аравии и Центральной Африке, в восточных областях Северной Америки.

Образ жизни: пролетно-гнездящаяся птица. Весной появляются в конце февраля, пролет идет до середины марта. Осенью – с конца августа и до конца октября. Населяет открытые, сухие ландшафты на равнинах и в горах, предпочитают участки с пересеченной местностью. В горных районах, преимущественно, по склонам с разреженными кустарниками, арчевниками. Держатся в одиночку и парами на земле, кустах и камнях. Гнездо устраивают в норе, расщелинах скал, между камнями. Кладка из 4-6 бледно–голубых яиц, в конце апреля, мае и начале июня. Размеры яиц – 19.8-21.2 х 15.2-16.6 мм. Основной пищей служат различные насекомые: муравьи, мухи, прямокрылые,

mör-möjekler: garynjalar, siňekler, göniganatlylar, maýda tomzaklar, kebelekler esasy iýmiti bolup hyzmat edýär.

Statusy: az sanly, uçup geçende käbir ýerlerde adaty guş.

мелкие жуки, бабочки.

Статус: редко в гнездовое время, на пролете местами обычная птица.

### 345. Sakar çekeýik – *Oenanthe pleschanka* – Каменка-плешанка

Meýdan alamatlary: **Horazynyň kellesiniň üsti, boýny, bili we guýrugynyň üsti – ak, arkasy, ganatlary, eginleri, kellesiniň gapdallary, bokurdagy we petekesi – gara. Aşaky tarapy ak**, käýarym döşünde çägepisint ýokundyly reňki bolýar. **Guýrugynyň ak uçlary gara. Mäkiýanyň we ýaş guşlaryň arkasy we kelesiniň üsti goňurrak-çal**, guýrugynyň üsti we gapdallary ak, bedeniniň aşaky tarapy çyparrak, döşi garamtyl. Çüňki, aýaklary we dyrnaklary gararak. Horazlary depäniň üstünde oturyp ýa-da howada biraz ýokary göterilip saýraýarlar. Saýraýşy beýleki guşlaryň seslerine öýkünmelerden durýar. Gykylykly sesli "çek-çek". Ganaty – 83-96, guýrugy – 55-65, söbügi – 22-26, çüňki – 8-10 mm, agramy – 15.5-22 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: horazlary arkasynyň garadygy bilen garaboýun çekeýigiň horazlaryndan; ölçegleriniň kiçidigi we arkasyndaky gara reňkiniň has güýçli ösendigi bilen gara çekeýigiň horazlaryndan tapawutlanýarlar; mäkiýanlary beýleki çekeýikleriň mäkiýanlaryna çalymdaş, ýöne ony kellesiniň, döşüniň, arkasynyň we ganatlarynyň garamtyl-goňrasyrak-goňur öwüşgini tapawutlandyrýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi – Günorta-Gündogar Ýewropa, Alynky Orta, Merkezi Aziýa, Günorta Gazagystan we Günorta Sibir. Biziň ýurdumyzyň üstünden ýaýraň uçup geçýär, höwürtgelände günorta – daglyklara, şeýle-de Türkmenistanyň demirgazyk-günbatar we demirgazyk sebitleriniň beýikli-pesli ýerlerine süýşýär. Arabystanda, Merkezi we Gündogar Afrikada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän guş, ýazyna martyň ortasyndan, güýzine – awgustda, sentýabrda we oktýabryň ortasyna çenli uçup gidýär. Çöllüklerde, dag eteklerinde we daglyklarda, jarlaryň, suw köwen gorplaryň daşlyrak ýerlerinde saklanýar. Çuň ýerleşen oýjagazda ýa-da daşlaryň aşagynda, gaýalaryň, jaýryklarynda, hinlerde höwürtge gurýar. Maý-iýunda 4-6 sany gyzylymtyl-goňurja menekli solak-gögümtil ýumurtgalary goýýar, ölçegleri – 17.8-20.7 x 14.3-16.3 mm. Oňurgasyzlary, köplenç, mör-möjekleri (tomzaklary, garynjalary, gije gezýän kebelegiň liçinkalaryny, siňekleri, ýol arylaryny, göniganatlylary, ýasmyklary), möyleri we käýarym ösümlik miwelerini çokýar.

Statusy: az sanly guş.

Полевые признаки: **у самца верх головы и шеи, поясница и надхвостье – белые, а спина, крылья, плечи, бока головы, горло и зоб – черные. Низ белый**, на груди иногда налет песчаного цвета. Хвост белый с черным концом. **У самки и молодых спина и верх головы буровато-серые**, надхвостье и бока хвоста белые, низ тела рыжеватый, черноватый на груди. Клюв, ноги и когти почти черные. Самцы поют, сидя на возвышении или поднимаясь невысоко в воздух. Песня состоит из подражания голосам других птиц. Крик – звонкое «чек-чек». Крыло – 83-96, хвост – 55-65, цевка – 22-26, клюв – 8-10 мм, вес 15.5-22 г.

Сходства – отличия: самцы плешанки отличаются от самцов черношейной каменки черной спиной, а от самцов черной каменки – меньшими размерами и более сильным развитием черного цвета на спине; самки же похожи на самок других каменок, но отличаются темным коричневато-бурым фоном головы, груди, спины и крыльев.

Распространение: гнездовая часть ареала – Юго-Восточная Европа, Передняя, Средняя, Центральная Азия, Южный Казахстан и Южная Сибирь. У нас на пролете широко, на гнездовье тяготеет к южным – горным, а также районам с пересеченной местностью на северо-западе и севере Туркменистана. Зимует в Аравии, в Центральной и Восточной Африке.

Образ жизни: пролетная, гнездящаяся птица, весенний пролет с середины марта, осенью – в августе, сентябре и до середины октября. Предпочитает щебнистые участки с оврагами и промоинами в пустыне, предгорьях и горах. Гнезда устраивают на земле в нишах под или между камнями, в трещинах скал, норах. Кладка из 4-6 бледно-голубых с красновато-коричневыми крапинками яиц, в мае-июне, размеры – 17.8-20.7 × 14.3-16.3 мм. Кормятся беспозвоночными, преимущественно, насекомыми (жуки, муравьи, гусеницы пядениц, мухи, наездники, прямокрылые, клопы), пауками, иногда поедают ягоды.

Статус: немногочисленная птица.

### 346. Ala çekeýik – *Oenanthe hispanica* – Испанская каменка

Meýdan alamatlary: horazynyň ýokarysy we aşagy ak, käte kellesi çal öwüşginli we arkasy çyparrak ýokundyly. Bokurdagy, kellesiniň gapdallary we ganatlary – gara. Ak guýrugynyň uçlary gara. Çüňki, aýaklary we dyrnaklary gara. Mäkiýan guşuň üsti goňur, guýrugynyň üsti ak, aşagy çyparrak, ganatlary goýy goňur. Saýraýşy edil adaty çekeýigiňki ýaly we batsyz sykylyklardan we jikgildilerden durýar. Çagyryş sesi – "çek-çek". Ganaty – 85-90, guýrugy – 55-59, söbügi – 22.5-24.5 mm, agramy – 16.5-18.5 g.

Полевые признаки: у самцов верх и низ белый, иногда с серым оттенком на голове и рыжеватым налетом на спине. Горло и бока головы и крылья – черные. Хвост белый с черным концом. Клюв, ноги и когти черные. Самки сверху бурые, надхвостье белое, низ рыжеватый, крылья темно-бурые. Песня как у обыкновенной каменки и состоит из негромких свистов и щебетаний. Позывка – «чек-чек». Крыло – 85-90, хвост – 55-59, цевка – 22.5-24.5 мм, вес – 16.5-18.5 г.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: daşky görnüşi we ölçegler boýunça sakar çekeýige örän çalymdaş, diňe horazlary arkasynyň açyk reňklidigi bilen tapawutlanýarlar; horazlary ganatlarynyň tutuşlygyna, uçan mahaly, oňat görünýän gara reňki bilen garaboýun çekeýigiň horazlaryndan tapawutlanýarlar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän oblastlary Ortaýer deňzini, Kawkazy, Kiçi we bölekleýin Öňki Aziýany öz içine alýar. Türkmenistanda – Köpetdagda. Afrikanyň tropik ýerlerinde gyşlaýar.

Ýaşaýşy: höwürtgeleýän görnüş, gaýalary halaýar. Gaýalaryň ýarçyklarynda we daşlaryň arasynda höwürtge gurýar. Aprel-maýda 4-5 sany solak-gögümtil ýumurtgalary goýýar. Edil beýleki çekeýikler ýaly iýmitlenýär.

Statusy: seýrek, çäkli ýaýran, gowşak öwrenilen guş

Сходства – отличия: по внешнему облику и размерам похожа на каменку-плешанку, отличие – светлую спину имеют только самцы; от самцов черношейной каменки отличаются полностью черными крыльями, что хорошо заметно в полете.

Распространение: область гнездования охватывает Средиземноморье, Кавказ, Малую, и частично, Переднюю Азию. В Туркменистане – в Копетдаге. Зимуют в тропической Африке.

Образ жизни: гнездящийся вид, предпочитает каменистые участки с выходами скал. Гнезда устраивает в расщелинах и среди камней. Кладка из 4-5 бледно-голубых яиц, в апреле-мае. Объекты питания как у других каменок.

Статус: редкая, слабо изученная птица с ограниченным распространением.

### 347. Gara çekeýik – *Oenanthe picata* – Черная каменка

Meýdan alamatlary: **horazynyň guýruynyň düýbi ak bolup, tutuşlygyna gara**, edil şonuň ýaly döşünde, garnynda, bölekleýin kellesinde ak reňki bolýar. **Ganatlary goýy-goňur. Guýrugy ak, uçlary goýy-goňur ýada gara**. Mäkiýanlarda we ýaş guşlarda gara reňk goňur bilen çalyşýar. Çüňki, aýaklay we dyrnaklary gara. Saýraýşy – ýakymsyzrak sesli, ýöne gaty "žr-r-ryk, žr-r-ryk". Ganaty – 80-98, guýrugy – 58-70, söbügi – 22-26, çüňki – 10-14 mm.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: çekeýikleriň beýleki görnüşlerine meňzeş, ýöne kellesi, arkasy, käte garny gara bolýar, emma, kellesiniň üsti ak bolan sakar çekeýiklere çalymdaş guşlar hem gabat gelýär, olar ondan ölçegleriniň has uludygy we arkasyndaky gara reňkiň gabaýan ýeriniň köpdügi bilen tapawutlanýar. Mäkiýany beýleki çekeýikleriň mäkiýanyndan goýy goňur reňki bilen tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi – Alynky Aziýanyň demirgazyk we Orta Aziýanyň günorta oblastlary bilen çäklenýär. Türkmenistanda – daglyklaryň hemme ýerlerinde. Höwürtgeleýän arealynyň günorta çäklerinde – Günorta Eýranda, Päkistanda we Demirgazyk-Cünbatar Hindistanda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: höwürtgeleýän görnüş, bir bölegi günortada, pes daglyklarda gyşlaýar. Ýazyna martyň ortasyndan uçup gelýär, güýzine – sentýabr-oktýabrda uçup gidýär. Köplenç beýk bolmadyk daşlyrak, çölleşen, gyrymsy agaçlaryň juda az bolýan gury derelerinde, käte jarlaryň we suw köwen gorply daş-lyrak we toýünsow gaýaly ýerlerinde gezýär. Gaýalaryň insiz ýarçyklarynda, daş üýşmekleriniň aşagynda, käte maýda gemrijileriň hinlerinde höwürtge gurýar, uly gaýa daşdeşeniň köne höwürtgelerini eýelemekleri hem mumkin. Ýylda iki nesil ösdürip ýetişdirýär: birinjisi aprel-maýda, ikinjisi – maýyň soňunda we iýunyň birinji ýarymynda. Çekirtgeleri, tomzaklary, ýasmyklary, garynjalary, taýajyklary, kebelekleriň liçinkalaryny we möýleriň pilelerini çokýar.

Statusy: adaty, ýaşaýyş üçin amatly ýerlerde köpsanly guş.

Полевые признаки: **самец весь черный с белым основанием хвоста или же белый цвет имеется также на груди, брюшке и, частично, на голове**. Крылья темно-бурые. Хвост белый с темно-бурым или черным концом. У самок и молодых черный цвет заменен бурым. Клюв, ноги и когти черные. Пение – невыразительное, но громкое – «жр-р-рык, жр-р-рык». Крыло – 80-98, хвост – 58-70, цевка – 22-26, клюв – 10-14 мм.

Сходства – отличия: схожа с другими видами каменок, но имеет черную голову, спину, иногда и брюхо, однако, встречаются птицы с белым верхом головы, которые похожи на плешанку, но отличаются от нее более крупными размерами и большим охватом черного цвета на спине. Самки отличаются от самок других каменок темно-бурой окраской.

Распространение: гнездовая часть ареала ограничена Передней и южными областями – в Средней Азии. В Туркменистане – во всех горных районах. Зимует у южных пределов гнездового ареала – в Южном Иране, Пакистане и Северо-Западной Индии.

Образ жизни: гнездящийся вид, на юге, в низкогорьях, часть особей зимует. Весенний прилет с середины марта, осенью отлетают в сентябре-октябре. Населяют, преимущественно, каменистые, пустынные, но не очень высокие горы со скудной растительностью, склоны и сухие ущелья, иногда лессовые, чаще каменистые обрывы по впадинам и оврагам. Гнезда устраивают в узких расщелинах скал, в кучах камней, иногда в норах мелких грызунов, могут поселяться в старых гнездах скалистых поползней. Две кладки: первая – в апреле-мае, вторая – в конце мая-первой половине июня. Кормятся саранчевыми, коконами пауков, жуками, клопами, муравьями, палочниками, гусеницами бабочек.

Статус: обычная, в подходящих местообитаниях многочисленная птица.

### 348. Garaboýun çekeýik – *Oenanthe finschii* – Черношейная каменка

Meýdan alamatlary: **horazynyň** kellesi çalymtyl öwüşginli **bolup,**

Полевые признаки: **у самца нижняя сторона тела, спина и**

**bedeniniň aşaky we üstki taraplary ak, kellesiniň gapdallary, boýny, bokurdagy we eginleri – gara**. Ganatlary garamtyl, guýrugy ak, uçlary gara. Çüňki, aýaklary we dyrnaklary garamtyl. **Mäkiýanlaryň we ýaş guşlaryň üstki tarapy çalymtyl-goňur, ganatlary goňur, bokurdagy we petekesi garamtyl-çal, garny we guýrugynyň düýbi – ak**. Saýraýşy – dürli seslere we beýleki guşlaryň saýraýyş owazlaryna öýkünmeler. Çagyryş sesi pert – "çek-çek". Ganaty – 88-95, guýrugy – 65-70, söbügi – 23-28, çüňki – 17-18 mm, agramy – 20.5-32.3 g.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: horazlary daşky görnüşi boýunça sakar çekeýikleriň horazlaryny ýatladýar, ol ölçegleriniň has uludygy we arkasynyň akdygy tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Kiçi, Alynky we Orta Aziýa, Günorta-Günbatar Gazagystan, Demirgazyk-Gündogar Afrika, Ýakyn Gündogar we Arabystanyň demirgazygy. Türkmenistanda – daglyk ýerlerde we demirgazykda – Günorta Üstýurtda we Garabogaz ýakasynda, Garagumda-käbir ýerlerinde. Höwürtgeleýän arealynyň çaginde we onuň günorta böleklerinde gyşlaýar.

Ýaşaýşy: höwürtgeleýän we uçup geçýän guş, ýurdyň günortasynda bölekleýin gyşlaýar. Ýazyna martyň ortasynda uçup gelýär, güýzine – sentýabrda, oktýabryň başynda uçup gidýär. Dagyň gaýaly, tokaýsyz ýerlerinde, dykyzlaşan çäge we daşlygrak beýikli-pesli ýerlerinde ýaşaýar. Daşlaryň arasynda, gaýalaryň köweklerinde we gemrijileriň hinlerinde (syçanlaryň) höwürtge gurýar. Höwürtgesini birnäçe ýyllap yzygiderli ulanýar (üç ýyla çenli). Ol höwürtgesiniň girelgesiniň agzynda köpsanly maýdaja daşjagazlary üýşürýär. Daş üýşmejigi höwürtgäniň agzyny doly gabaýar. Apreliň soňunda we maý-ýulda 4-6 sany gögümtil ýumurtgalary goýýar. Türkmenistanyň şertinde üç gezek ýumurtga goýmaklary mümkin. Esasan möýler, gijeki kebelekleriň liçinkalary, garynjalar, tomzaklar, çekirtgeler bilen iýmitlenýär.

Statusy: adaty, ýaşaýyş üçin amatly ýerlerde köpsanly guş.

**верх головы белые** с серым оттенком, а **бока головы, шеи, горло и плечи – черные**. Крылья темные, хвост белый с черным концом. Клюв, ноги и когти темные. **У самок и молодых верх серовато-бурый, крылья бурые, горло и зоб черно-серые, брюшко и основание хвоста – белые**. Песня – подражание различным звукам и голосам других птиц. Позывка – резкое «чек-чек». Крыло – 88-95, хвост – 65-70, цевка – 23-28, клюв – 17-18 мм, вес – 20.5-32.3 г.

Сходства – отличия: самцы внешне напоминают самцов плешанок, но отличаются более крупными размерами и белой спиной.

Распространение: Малая, Передняя и Средняя Азия, Юго-Западный Казахстан, Северо-Восточная Африка, Ближний Восток и север Аравии. В Туркменистане – в горных областях и на севере – Южный Устюрт и Прикарабогазье, локально в Каракумах. Зимует в пределах гнездового ареала – в его южных частях.

Образ жизни: гнездящаяся пролетная птица, на юге страны частично зимует. Прилет весной с середины марта, осенний отлет – в сентябре, начале октября. Населяет скалистые безлесные участки гор, плотнопочвенные пески, щебнистые и другие места с пересеченным рельефом. Гнезда устраивает среди камней, в нишах скал и в норах грызунов (песчанки). Гнезда используют несколько (до трех) лет подряд. У входа в гнездо каменки обычно собирают большое количество мелких плоских камешков. Такое заграждение может полностью прикрыть гнездо. В кладке 4-6 голубых яиц, в конце апреля, мае-июле. В условиях Туркменистана – до 3-х кладок. Питаются. преимущественно, пауками, гусеницами ночных бабочек, муравьями, жуками, саранчевыми.

Статус: обычный, а в подходящих местообитаниях более чем обычный вид.

### 349. Çöl çekeýigi – *Oenanthe deserti* – Пустынная каменка

Meýdan alamatlary: **horazynyň kellesiniň üsti we ýeňsesi çalymtyl-çyparrak, guýrugynyň üsti agymtyl-çyparrak, arkasy – çyparrak. Gaşy açyk reňkli. Bokurdagy, boýnynyň gapdallary we kellesi gara, bedeniniň aşaky tarapy ak** ýa-da çyparrak ýokundyly, döşi has açyk reňkli. Ganatlary gara diýen ýaly, ýelekleri ak jähekli. **Mäkiýan we ýaş guşlaryň bokurdagy we kellesiniň gapdallary gara reňksiz, ganatlary we guýrugy – goňurrak**. Çüňki, aýaklary we dyrnagy goňurrak. Saýraýşy – beýleki guşlaryň dürli seslerine we owazlaryna öýkünmeler. Çagyryş sesi pert – "çek-çek". Ganaty – 85-97, guýrugy – 55-67, söbügi – 23-28, çüňki – 11-14.5 mm, agramy – 16.3-22.0 g.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: horazlary arkasynyň çypardygy bilen beýleki çekeýiklerden tapawutlanýar. Mäkiýanlar we ýaş guşlar beýleki çekeýikleriň mäkiýanlaryna çalymdaş, olary diňe has açyk reňkleri tapawutlandyrýar.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän

Полевые признаки: **у самца верх головы и затылок серовато-рыжеватые, надхвостье беловато-рыжеватое, а спина рыжеватая. Бровь светлая. Горло, бока шеи и головы черные, нижняя сторона тела белая** или с рыжеватым налетом, более ярким на груди. Крылья почти черные, с белыми окаймлениями перьев. **У самки и молодых отсутствует черный цвет на горле и боках головы, а крылья и хвост буроватые**. Клюв, ноги и когти буроватые. Песня – подражание различным звукам и голосам других птиц. Позывка – резкое «чек-чек». Крыло – 85-97, хвост – 55-67, цевка – 23-28, клюв – 11-14.5 мм, вес – 16.3-22 г.

Сходства – отличия: самцы от других каменок отличаются рыжей спиной. Самки и молодые очень похожи на самок других каменок, отличаясь лишь более светлой окраской.

Распространение: область гнездования охватывает Центральную, Среднюю (включая равнин-

ýerleri Merkezi, Orta (Türkmenistan) we Alynky Aziýany, Demirgazyk Arabystan we Demirgazyk Afrikany (Sahara) öz içine alýar. Arealynda höwürtgeleýän böleginiň günorta oblastlarynda we oňa ýanaşyk ýerlerde – Gündogar Afrikada, Günorta Arabystanda, Demirgazyk Hindistanda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän görnüş, ýazyna martda, güýzine – sentýabryň soňunda we oktýabrda uçup geçýär. Esasan selçeň ösen gyrymsyly çägeçöllüklerde we beýikli-pesli ýerlerde (suw akan jarly, källi, köwli, gorplary) gabat gelýär. Aýry-başga jübüt bolup höwürtgeleýär. Gemrijileriň hinlerinde ýel ýykan agaçlaryň kökleriniň, sütünleriniň aşagynda, seýrek sazagyň köweklerinde höwürtge gurýar. Aprel-iýulda 4-6 sany solak-gögümtil ýumurtgalary goýýar, ölçegleri – 18.1-21.2 x 14.2-16.0 mm. Ýerde gezýän mör-möjekleri – göniganatlylary, tomzaklary, ýasmyklary, kebelekleriň liçinkalaryny, garynjalary we teneçirleri tutýar.

Statusy: az sanly, biziň çöllermiziiň käbir ýerlerinde adaty guş.

ный Туркменистан) и Переднюю Азию, Северную Аравию и Северную Африку (Сахара). Зимует в южных областях гнездовой части ареала и за его пределами – в Восточной Африке, Южной Аравии, Северной Индии.

Образ жизни: пролетный, гнездящийся вид, весной пролет с марта, осенью – с конца сентября и в октябре. Населяет, преимущественно, песчаные пустыни с разреженной растительностью, встречаются и на участках с пересеченным рельефом (овраги, сухие промоины). Гнездятся обособленными парами. Гнезда устраивают в норах грызунов, среди корней и под упавшими стволами, редко в дупле саксаула. Кладка из 4-6 бледно-голубых яиц, в апреле-июле, размеры – 18.1-21.2×14.2-16 мм. Корм добывают на земле, в основном, это насекомые: прямокрылые, жуки, клопы, гусеницы бабочек, муравьи и стрекозы.

Статус: немногочисленная, местами обычная птица наших пустынь.

### 350. Gyzylguýruk çekeýik – *Oenanthe chrysopygia* – Златогузая каменка

Meýdan alamatlary: guşyň üstki tarapy çalymtyl-goňur, kellesi çalymtylrak, bili açyk-çyparrak, ganatlary goýygoňur, ýelekleri çalymtyl jähekli, bokurdagy we petekesi agymtyl, bedeniniň aşaky bölegi çyparrak-goňur. **Guýrugy altynsow-çypar, ujy gara zolakly**. Çüňki we aýaklary gara. Saýranynda çekeýikleriň köpüsine mahsus bolan, dürli seslere öýkünmeler – uçýan guşlaryň ganatlarynyň şuwwuldysy, şemalyň sesi we başgalar. Çagyryş

Полевые признаки: сверху птица серовато-буроватая, голова сероватая, поясница светло- рыжеватая, крылья темно-бурые с сероватыми каймами перьев, горло и зоб беловатые, нижняя часть тела рыжевато-буроватая. **Хвост золотисто-рыжий с черной полосой на конце**. Клюв и ноги черные. Как и многие каменки, в пении подражает различным звукам – свисту крыльев летящей птицы, свисту ве-



sesi batly – "çek-çek". Ganaty – 90-96, guýrugy – 62-66, çüňki – 18-20 mm.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: guýrugynyň düýbinde we bilinde çypar reňkiň bardygy bilen bizdäki beýleki çekeýiklerden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi Alynky Aziýany – Iragyň, Eýranyň, Päkistanyň, Owganystanyň daglyklaryny, Türkiýäniň gündogaryny hem öz içine alýar; Türkmenistanda – Merkezi Köpetdagda. Höwürtgeleýän ýerleriniň günortasynda, şeýle-de Hindistanyň demirgazy-günbatarynda, Arabystanyň demirgazygynda we Afrikanyň günorta-gündogarynda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: höwürtgeleýän görnüş, daglaryň deňiz derejesinden 1200-2500 m ýokarda daşly eňňitleri eýeleýär. Gaýalaryň ýarçyklarynda, daşlaryň arasyndaky boşluklarda höwürtge gurýar. Maý-iýunda 4-5 sany çala görünýän gögümtil garyndyly ak ýumurtgalary goýýar, ölçegleri – 19.5-21.0 x 15.6-16.3 mm. Iýmiti edil beýleki çekeýikleriňki ýaly.

Statusy: seýrek görnüş, Köpetdag goraghanasynyň guşlarynyň iň täsin wekilleriniň biri.

тра и т.д. Позывка – громкое «чек-чек». Крыло – 90-96, хвост – 62-66, клюв – 18-20 мм.

Сходства – отличия: от других наших каменок отличается присутствием рыжего цвета в основании хвоста и на пояснице.

Распространение: гнездовая часть ареала охватывает Переднюю Азию – горные районы Ирака, Ирана, Пакистана, Афганистана, восток Турции; в Туркменистане Центральный Копетдаг. Зимует на юге гнездовой области, а также на северо-западе Индии, севере Аравии и юго-востоке Африки.

Образ жизни: гнездящийся вид, населяет горные каменистые склоны на высотах 1200-2500 м н.у.м. Гнезда в расщелинах скал, в промежутках между камнями. В кладке 4-5 белых с едва заметной голубоватой примесью яиц, в мае-июне, размеры – 19.5-21×15.6-16.3 мм. Питание, как и у других каменок.

Статус: редкий вид, с ограниченным распространением. Один из интересных представителей птиц Копетдагского государственного заповедника.

### 351. Tokaý bilbili – *Erythropygia galactotes* – Тугайный соловей

Meýdan alamatlary: ölçegleri serçeden şähelçe ulurak. Guýrugy uzalan we basgançakly. Arka tarapy çypar öwüşginli çalymtyl-goňur. Ak gaşy oňat görünýär, gözüniň üstünden insiz gara zolak geçýär. Bokurdagy, döşi we garny agymtyl. **Ýelpewaç ýaly ýaýraýan çypar guýrugynyň ujyndaky gara-ak zolak uçan mahaly anyk görünýär**. Çüňki goňur, aýaklary edil şonuň ýaly,

Полевые признаки: размером несколько больше воробья. Хвост удлиненный и ступенчатый. Спинная сторона серовато-бурая с рыжеватым оттенком. Хорошо видна белая бровь, а через глаз проходит узкая темная полоска. Горло, грудь и брюшко беловатые. **В полете хорошо заметна черно-белая полоса на конце веерообразно распущенного рыжего хвоста**. Клюв

ýöne gowşak sarymtylrak ýokundyly. Gözleri gyzylymtylrak. Saýraýşy – sykylyklaryň we ses owazlarynyň toplumy. Gykylyk sesi pert – "tsi-tsi". Ses owazlarynyň düzüminde jýrryldama ýygy-ýygydan bar ýaly eşidilýär. Uzynlygy – 150-160, ganaty – 79-92, ganatlarynyň gerimi – 220-227 mm.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: bilbile çalymdaş, ýöne çypar guýrugyndaky gara we ak zolaklary bilen anyk tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi – Ortaýer deňzi, Kawkaz, Kiçi, Alynky, Orta Aziýa, Günorta Gazagystan. Türkmenistanda giň ýaýraň, ýöne düzlük giňişliklerde, köplenç derýalaryň jülgelerine we oazislere çekilýär. Owganystanda, Päkistanda, Arabystan ýarym adasynyň günortasynda, Günbatar we Gündogar Afrikada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: höwürtgeleýän görnüş. Ýazyna apreliň ortasyndan maýyň ortasyna çenli uçup gelýär, güýzine – awgustyň soňundan sentýabryň ortasyna çenli uçup gidýär. Derýalaryň jülgelerinde mekan tutýar – gür bolmadyk toraňňyly we gyrymsyly, köp ösen ýylgynly jeňňelliklerde, çöllüklerde, sazaklyklarda, dag eteginde – seýrek ösen gyrymsylyklarda, oazislerde – selçeň ösen agaç-gyrymsy agaçly ýerlerde ýaşaýar. Adatça sazak, gandym, ýabany igde, ýylgyn sütünlerinde we beýleki gyrymsylaryň döwlen ýerlerinde harsalrak we ýümşak höwürtge gurýar. Maý-iýunda 3-5 sany goňur meneklije (kütek tarapynda toplanan) solak-ýaşylymtyl ýa-da gögümtil ýumurtgalary goýýar, ölçegleri – 20-22 x 15.3-16.7 mm. Adatça iýunda jüýjeleýär. Iýmitinde maýda tomzaklar (ädiktikenler, süýt

бурый, ноги того же цвета, но с легкой желтоватостью. Глаза красноватые. Песня – набор звучных свистов и трелей. Крик – резкое «тци-тци». В голосе нередко слышится что-то вроде трещания. Длина – 150-160, крыло – 79-92, размах крыльев – 220-227 мм.

Сходства – отличия: похож на соловья, но хорошо отличается черной и белой полосками на рыжем хвосте.

Распространение: гнездовая часть ареала – Средиземноморье, Кавказ, Малая, Передняя и Средняя Азия, Южный Казахстан. В Туркменистане – широко, но на равнинах, больше тяготеет к долинам рек и оазисам. Зимует в Афганистане, Пакистане, на юге Аравийского полуострова, в Западной и Восточной Африке.

Образ жизни: гнездящийся вид. Весенний пролет с середины апреля до середины мая, отлет с конца августа до середины сентября. Населяет речные долины – негустые тугайные и кустарниковые, больше гребенщиковые заросли, в кустарниковой пустыне (саксаульнике) также в саксаульниках, в предгорьях – склоны, поросшие разреженным кустарником, в оазисах не сильно заросшие участки древесно-кустарниковой растительности. Гнездо – небрежная и рыхлая постройка, обычно на саксауле, кандыме, джиде, тамариксе и других кустарниках. В кладке 3-5 бледно-зеленых или голубоватых с бурыми крапинками (сконцентрированных в кольцо на тупом конце) яиц, в мае-июне, размеры – 20-22 x 15.3-16.7 мм. Птенцы, обычно, в июне.



tomzaklary, wyžžyldawuklar), kebelekler (köplenç olaryň liçinkalary), göniganatlylar, perdeganatlylar (esasan garynjalar) agdyklyk edýär, seýregräk möýler we ýasmyklar duşýar.

Statusy: az sanly, käbir ýerlerde adaty guş.

Пищу собирает на растениях и на земле, у основания кустарников или деревьев. В питании преобладают мелкие жуки (долгоносики, хрущи, жужелицы), бабочки (больше их гусеницы), прямокрылые, перепончатокрылые (главным образом муравьи), реже пауки и клопы.

Статус: немногочисленная, местами обычная птица.

## 352. Ala daş jokjokysy – *Monticola saxatilis* – Пестрый каменный дрозд

Meýdan alamatlary: sardan şähelçe kiçi ölçegli, ýelek örtüginiň ala reňki boýunça anyk tapawutlanýar, beýleki jokjokylara görä guýrugy gysgalan. **Kellesi, boýny, bokurdagy çalymtyl-gök. Biliniň ortasy ak. Guýrugynyň** ortasyndaky goňur ýeleklerinden galany **çypar**. Ganatlary garamtyl-goňur, aşaky tarapy – çypar reňkli. Mäkiýanlarynyň üsti açyk kese menekli çägepisintli-çal, aşaky tarapy solak-çypar bolup, ýelekleriniň garamtyl jähekli uçlary teňňe sypatly nagyşlary döredýär. Çüňki we dyrnaklary gara, aýaklary – goýy goňur. Guşlar höwürtgeländen soňky döwürde ümsüm, çagyryş sesi – "tak-tak". Howsala düşende birsyhly gysgajyk "tüýdük" sykylykly. Jübütleşýän döwründe gaýanyň, daşyň, agajyň depesinde oturyp saýraýar. Saýraýşy owazlaryň toplumy, sykylyklar we beýleki guşlaryň seslerine öýkünmeler. Gykylyk sesi pert – "çek-çek" we sykylyk – "fýuit". Ganaty – 109-127, guýrugy – 54-65, söbügi – 26-30, çüňki – 12-15 mm, agramy – 44-65.5 g.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: horazy anyk utgaşykdaky çalymtyl-gök we çypar reňkleri bilen tapawutlanýar,

Полевые признаки: размером чуть мельче скворца, хорошо узнается по пестрой расцветке оперения, хвост по сравнению с другими дроздами укорочен. **Голова, шея, горло серовато-голубые. Середина спины белая. Хвост рыжий**, кроме центральных – бурых перьев. Крылья черно-бурые, снизу рыжие. Самка сверху песочно-серая с поперечными светлыми пестринками, снизу бледно-рыжая с темными каемками на концах перьев, образующими чешуйчатый рисунок. Клюв и когти черные, ноги темно-бурые. Вне периода размножения это молчаливая птица, позывка – «так-так». При тревоге – короткие однотипные «флейтовые» свисты. В брачный период поют сидя на вершине скалы, камня, дерева. Песня – набор трелей, свистов и подражаний голосам других птиц. Крик – резкое «чек-чек», свист – «фьюить». Крыло – 109-127, хвост – 54-65, цевка – 26-30, клюв – 12-15 мм, вес – 44-65.5 г.

Сходства и отличия: самец отличается контрастным сочетанием серо-голубого и рыжего цветов, самка отличается от самки синего

mäkiýanlary açyk ala reňki bilen gök daş jokjokysynyň mäkiýanyndan tapawutlanýar.

Ýaýran ýeri: arealynda höwürtgeleýän bölegi Günorta Ýewropanyň daglyk ýerlerinde, Kiçi, Alynky we Orta we Merkezi Aziýany öz içine alýar. Türkmenistanda ähli daglyklarda höwürtgeleýär. Merkezi we Gündogar Afrikada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän guş, ýazyna martyň ortasynda uçup gelýär, güýzine – awgustyň soňunda we sentýabrda uçup gidýär. Daglyklarda, açyk ýerlerde gaýa çykyndylary bilen gezekleşýän ýerlerinde; daş çykyndylary bolan baýyrlyklarda, eňňitlerden togalanyp gaýdan äpet daşlaryň ýa-da gaýa uçutlarynyň arasynda gezýär. Höwürtgesi – gaýalaryň we uçutlaryň köweklerinde, ýarçyklarynda, üýşmek daşlaryň arasynda. 4-6 sany ýaşylymtyl-gök ýumurtgalary goýýar, ölçegleri – 23.8-28.7 x 17.8-20.0 mm, agramy – 3.95-4.3 g. Olar mör-möjekleri, tomsuň soňunda - dürli miweleri we däneleri çokýar. Iýmitinde mör-möjekler – tomzaklar (jykjyklar, wyžžyldawuklar, ädiktikenler, gajarlar we ş.m.), ýasmyklar, göniganatlylar, garynjalar, kebelekler, olaryň liçinkalary, ikiganatlylar, möýler, balykgulaklar we maýda suwulganlar duşýar.

Statusy: az sanly dag guşy.

каменного дрозда светлой пестрой окраской.

Распространение: гнездовая часть ареала охватывает горные области Южной Европы, Малой, Передней, Средней и Центральной Азии. В Туркменистане гнездится во всех горных районах. Зимует в Центральной и Восточной Африке.

Образ жизни: пролетная, гнездящаяся птица, весной появляется с середины марта, отлетает в конце августа и сентябре. Обитает в горных местообитаниях, где выходы скал чередуются с открытыми участками; может селиться и на холмах с выходами камней, среди крупнокаменистых осыпей или же на каменистых обрывах. Гнезда устраивают в нишах и трещинах скал и обрывов, среди камней. Кладка из 4-6 зеленовато-голубых яиц, размеры – 23.8-28.7×17.8-20 мм, вес – 3.95-4.3 г. Взрослые птицы поедают насекомых, в конце лета – разнообразные ягоды и семена. В рационе насекомые – жуки (чернотелки, жужелицы, долгоносики, навозники, щелкуны, нарывники, и др.), клопы, прямокрылые, муравьи, бабочки и их гусеницы, веснянки, двукрылые; пауки, моллюски и мелкие ящерицы.

Статус: немногочисленная горная птица.

### 353. Gök daş jokjokysy – *Monticola solitarius* – Синий каменный дрозд

Meýdan alamatlary: süýnmek bedenli orta ölçegdäki jokjoky. **Kellesi, boýny we arkasy mawumtyl-gök**, garyn tarapy biraz ýagtyrak, ganatlarynyň aşagy çalymtyl-gök.

Полевые признаки: дрозд среднего размера с вытянутой формой тела. **Голова, шея и спина голубовато-синие**, брюшная сторона несколько светлее, испод крыла



Mäkiýanlarynyň arka tarapy gowşak gök öwüşginli goýy-goňur, garyn tarapy garamtyl teňňe nagyşly çyparrak. Ganatlary, guýrugy, çüňki gara, aýaklary goýy-goňur. Gyşky ýelek örtügi has solak, aýratyn-da horazlaryňky. Sesi pert – "çek-çek". Saýraýşy gaty heňli, owadan sykylykly we beýleki guşlaryň saýraşyna öýkünmeler. Ganaty – 111.3-121.0, guýrugy – 75-84, söbügi – 21.7-30.7, çüňki – 12.3-15.7 mm, agramy – 37.5-54.5 g.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: **ýelek örtüginiň tutuş gökdigi** bilen beýleki jokjokylardan tapawutlanýar. Guýrugynyň ep-esli uzyndygy bilen ala daş jokjokydan, mäkiýanlary, ondan daşary goýy goňur reňklidigi bilen tapawutlanýarlar.

Ýaýran ýerleri**:** Günorta Ýewropanyň daglyk oblastlary we Afrikanyň, Kiçi, Alynky, Orta we Günorta-Gündogar Aziýanyň demirgazyk-günbatar çetleri. Türkmenistanda – Uly Balkanda, Köpetdagda, Köýtendagda. Ortaýer deňzinde, Gündogar Afrikada, Günorta Arabystanda, Günorta (Hindistan, Seýlon) we Günorta-Gündogar Aziýada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: höwürtgeleýän guş, ýazyna martyň soňunda uçup gelýär, güýzine –sentýabr-oktýabrda uçup gidýär. Esasan gaýalyklary, suw çeşmeli çygly dereleri eýeleýär. Gaýalaryň köweklerinde we ýarçyklarynda, käte ýerastyndan suw çykýan ýeriň golaýynda höwürtge gurýar. Maý-iýulda 4-6 sany, käte kütek tarapy goňurrak-gyzyl meneklije gögümtil-ýaşyl ýumurtgalary goýýar, ölçegleri – 24.3-29.0 x 18.1-20.1 mm. Iýmiti, adatça, dürli mör-möjekler (ädiktikenler, jykjyklar, wyžžyldawuklar, ýasmyklar,

серовато-синий. У самки спинная сторона темно-бурая со слабым синеватым оттенком, брюшная рыжеватая с темным чешуйчатым рисунком. Крылья, хвост, клюв черные, ноги темно-бурые. Зимнее оперение более невзрачное, особенно у самца. Голос – резкое «чек-чек». Песня громкая, звучная, с красивыми свистами и подражаниями голосам других птиц. Крыло – 111.3-121, хвост – 75–84, цевка – 27.1-30.7, клюв – 12.3-15.7 мм, вес – 37.5-54.5 г.

Сходства – отличия: отличается от других дроздов **общей синей окраской оперения**. От пестрого каменного дрозда отличается несколько удлиненным хвостом, а самки, кроме того, темно-бурой окраской.

Распространение: горные области Южной Европы и крайнего северо-запада Африки, Малой, Передней, Средней и Юго-Восточной Азии. В Туркменистане – горы Большие Балханы, Копетдаг, Койтендаг. Зимовки в Средиземноморье, Восточной Африке, Южной Аравии, в Южной (Индостан, Цейлон) и Юго-Восточной Азии.

Образ жизни: гнездящаяся птица, весной появляются с конца марта, отлет в сентябре–октябре. Населяют, в основном, скалистые участки, влажные ущелья с водными источниками поблизости. Гнездо помещается в нишах и трещинах скал, иногда рядом с просачивающимися грунтовыми водами. Кладка из 4-6 голубовато-зеленоватых, иногда с буро-красными крапинами у тупого конца яиц, в мае – июле, размеры яиц – 24.3-29 x

hudaýatylar, göniganatlylar, garynjalar), möýler, ösümlikleriň miweleri, şeýle-de olaryň käbirleriniň däneleri.

Statusy: az sanly, käbir ýerlerde adaty görnüş.

18.1-20.1 мм. В пище, обычно, разнообразные насекомые (долгоносики, чернотелки, жужелицы, клопы, богомолы, прямокрылые, муравьи), пауки, из растительных кормов – ягоды, а также семена некоторых растений.

Статус: немногочисленный, местами обычный вид.

### 354. Gara jokjoky – *Turdus merula* – Черный дрозд

Meýdan alamatlary: sardan ulurak. **Ýelek örtüginiň gara reňki, çüňkiniň mawymtyl-mämişi we gözüniň töwereginiň (horazlary) insiz sarymtyl halkasy** boýunça aňsat tanalýar, **mäkiýany goýy-goňur**, döşi azyrak çypar gyrawly, ganatlarynyň aşagy gara, çüňki – goýy-goňur. Guýrugy beýlekilere garanyňda uzynrak, ganatlary tegelenen we gysga. Ýerde uly aralyga towsup, adatça ganatlaryny biraz sallap we guýrugyny galdyryp, hereket edýär. Sesi pert – "çek-çek" ýa-da "terre-çok-çok". Saýraýşy – gaýgyly tüýdik sykylyklarynyň toplumy. Ganaty – 118-143, guýrugy – 105-137, söbügi – 31-36, çüňki – 19-25 mm, agramy – 72-101.5 g.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: horazy ýelek örtüginiň garadygy we çüňkiniň sarydygy, mäkiýany – tutuşlaýyn goýy-goňur reňklidigi bilen beýleki jokjokylardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Ýewropa, demirgazyk-gündogar böleginden başgalarynda, Afrikanyň demirgazyk-günbatarynda, Kawkazda, Kiçi we Alynky Aziýada, Orta, Merkezi (Gimalaý daglary) we Günorta-Gündogar Aziýanyň daglyk ýerlerinde. Türkmenistanda – Uly Balkanda, Köpetdagda, Köýtendagda we olaryň eteklerinde, derýalaryň jülgelerinde. Öz arealynyň çäginde, onuň günorta bölegine uçup geçip gyşlaýar (aýratyn-da Ýewropada).

Ýaşaýşy: bizde oturymly, bölekleýin uçup geçýän guş, gyrymsy jeňňelli dag derelerini, baglyklary we seýilgähleri, kölegeli we gür jeňňelli çygly meýdançalary eýeleýär. Fewralda horazlaryň ilkinji saýraýan sesleri eşidilýär. Gyrymsylaryň gür şahalanan ýerinde, sütün ýabalarynda ýa-da onuň golaýynda höwürtge gurýar. Ýylda iki gezek ýumurtgalaýar. Martyň soňunda, aprel-maýda 4-7 sany poslurak-goňur meneklije gögümtil-ýaşyl ýumurtgalary goýýar, ölçegleri – 20.3-23.0 x 28.1-34.1 mm. Jüýjeleri maý-iýunda uçurym bolýar. Iýmitinde – ýagyş gurçuklary, balykgulaklar, tomzaklar, sikadalar. Güýzine we gyşyna ösümlikleriň miwelerini çokýar.

Statusy: adaty görnüş (dagda az sanly), şäher şertinde, seýilgählerde we adamlara ýakyn ýerlerde ýaşaýar.

Полевые признаки: крупнее скворца. Легко узнается по **однообразно черному оперению, желто-оранжевому клюву и тонкому желтому кольцу вокруг глаз (самцы), самки темно-бурые** с небольшой рыжеватостью на груди, испод крыла черный, клюв – темно-бурый. Хвост довольно длинный, крылья округлые, короткие. По земле передвигается большими прыжками, обычно немного опустив крылья и приподняв хвост. Голос – резкое «чек-чек» или «терре–чок–чок». Песня – набор флейтовых печальных свистов. Крыло – 118–143, хвост – 105-137, цевка – 31-36, клюв – 19-25 мм, вес 72-101.5 г.

Сходства – отличия: от других дроздов самец отличается черным цветом оперения и желтым клювом, самка – общей темно-бурой окраской.

Распространение: Европа, кроме северо-восточной части, северо-запад Африки, Кавказ, Малая и Передняя Азия, горные районы Средней, Центральной (Гималаи) и Юго-Восточной Азии. В Туркменистане – Большие Балханы, Копетдаг, Койтендаг и их предгорья, по долинам рек. Зимует в пределах своего ареала, отлетая в южные его части (особенно в Европе).

Образ жизни: у нас оседлая, частично перелетная птица, населяет горные ущелья с заросшими кустарниками, сады и парки, тенистые и влажные участки с зарослями густых кустов. Первые песни самцов удается слышать уже в феврале. Гнездо, обычно, в густых кустарниках, развилках ветвей или около ствола. Две кладки в году. Кладка из 4–7 голубовато-зеленых с ржаво-бурыми пятнами яиц, в конце марта, апреле-мае, размеры яиц – 20.3-23 x 28.1-34.1 мм. Летные птенцы в мае-июне. В пищевом рационе дождевые черви, моллюски, жуки, цикады. Осенью и зимой поедают также ягоды.

Статус: обычный вид (в горах немногочислен), живет в непосредственной близости с человеком в городах, парках и садах.

### 355. Gara petekeli jokjoky – *Turdus ruficollis* – Краснозобый (темнозобый) дрозд

Meýdan alamatlary: orta ölçegli jokjoky. Horazynyň kellesiniň üsti, arkasy we ganatlary çal, guýrugy goňurrak-çypar, **kellesiniň gapdallary, bokurdagy, petekesi gara, döşi we garny açyk reňkli. Mäkiýan we ýaş guşlaryň bokurdagy we petekesi dik gara menekli**. Çüňki goňur, çüňküsti has açyk reňkli. Aýaklary goňur, dyrnaklary goýy-goňur. Bimaza bolan guşlaryň sesi ýygy-ýygydan gaýtalanýan "çak-çak-çak". Ganaty – 124-140, guýrugy – 92-103, söbügi – 31.5-35.0, çüňki – 19.0-19.3 mm.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: bokur-

Полевые признаки: среднего размера дрозд. У самца верх головы, спина и крылья серые, хвост буровато-рыжий, **бока головы, горло, зоб черные, грудь и брюхо светлые. У самок и молодых на горле и зобе черные продольные пестрины**. Клюв бурый, с более светлым надклювьем. Ноги бурые, когти темно-бурые. Голос беспокоящейся птицы – часто повторяющиеся «чак-чак-чак». Крыло – 124-140, хвост – 92-103, цевка – 31.5-35, клюв – 19.0-19.3 мм.

Сходства – отличия: от других дроздов отличается черными гор-

dagynyň we petekesiniň garadygy, aşaky tarapynyň we böwürleriniň ýagty reňklidigi bilen beýleki jokjokylardan tapawutlanýar. Gyşyna bizde, örän seýrek ýagdaýda bokurdagy we petekesi gara däl-de goýy-çypar reňkli guşlaryň gabat gelmegi mümkin.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi – Günbatar Sibir, Altaý, Orta Aziýanyň daglarynyň käbir ýerleri. Türkmenistanda – uçup geçende dagda, derýalaryň jülgelerinde we çöllüklerde duşmaklary mümkin. Orta, şeýle-de Alynky Aziýanyň günortasynda, Demirgazyk Hindistanda, bölekleýin Arabystanda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-gyşlaýan guş. Güýzine sentýabryň ortasynda görünýär we ýazyna – martda uçup geçýär. Ýaýraň duşýar, düzlük, şeýle hem daglyk ýerlerdäki derýalaryň jülgelerine ýakynlaşmagy halaýar. Hemme ýerlerde, agaçly-gyrymsy agaçly meýdanlarda saklanýar. Kiçiräk topar, ýekelikde, 30-40 sany we ondanda köp guşdan ybarat süri bolup gezýär. Iýmiti ýerden çöpleýär. Güýzine we gyşyna dürli ösümlikleriň, hat-da olaryň gyşda doňan miweleriniň ýumşak özenini, käte maýda tohumlary çokýar.

Statusy: uçup geçende we gyşlanda adaty, käbir ýerlerde köpsanly, aýratyn ýyllarda örän köpsanly guş.

лом и зобом, светлыми низом и боками. У нас очень редко зимой могут попадаться птицы, у которых горло и зоб не черного, а темно-рыжего цвета.

Распространение: гнездовая часть ареала – Западная Сибирь, Алтай, местами в горах Средней Азии. В Туркменистане – в горах, поймах рек и оазисах, на пролетах может попадаться и в пустыне. Зимуют на юге Средней, а также в Передней Азии, Северном Индостане, частично в Аравии.

Образ жизни: пролетно-зимующая птица. Осенью появляется в середине сентября, весенний пролет в марте. Встречается широко, но тяготеет к речным долинам, как на равнинах, так и в горах. Всюду придерживаются участков с древесно-кустарниковыми зарослями. Держатся как небольшими группами и по одиночке, так и стаями по 30–40 и более птиц. Корм собирают, преимущественно, с земли. Осенью и зимой в значительной степени кормятся различными ягодами. Поедают также мягкие плоды, расклевывая их обмороженные части, изредка собирают мелкие семена.

Статус: обычная на пролете и зимовке птица, местами может быть многочисленной, а в отдельные годы очень многочисленной.

## 356. Rýabina jokjokysy – *Turdus pilaris* – Рябинник

Meýdan alamaty: beýlekilere garanynda uly jokjoky. **Kellesiniň üsti, boýnunyň yzy we guýrugynyň üsti gögümtil-goňur, arkasy goňras-goňur, petekesi we döşi çypar ýokundyly, garny ak**. Böwürleri kiçiräk üçburç sypatly uly gara menekli. Ganatlary we guýrugy garamtyl-goňur. Gözüniň üsti ýagty gaşly, çüňki sary, goýy-goňur uçly. Uçuşy çalt, uçup barýan guşuň ganatlarynyň aşagynyň akdygy görünýär. Örän çakgan, durnuksyz hereketli we gykylykçy guş, elmydama “çak…çak…çak…” we bimaza bolan ýagdaýynda – “ra-ra-ra” jyrryldy häsiýetli gykylk edýär. Saýraýşy tüýdik sesleriň pert jyrryldylaryň gatyşmasyndan durýar. Ganaty – 136-153, guýrugy – 96-117, söbügi – 31-36, çüňki – 15-20 mm, agramy – 92.2-125.0 g.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: kellesiniň we guýrugynyň üstki tarapynyň mawumtyl-çaldygy bilen beýleki jokjokylardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi – Merkezi Ýewropa we onuň demirgazyk bölegi, Ural, Günbatar we Gündogar Sibir. Orta Aziýada, şol sanda Türkmenistanda – derýalaryň jülgeleriniň giňän ýerlerinde we oazislerde, daglyk we eteklerindäki derelerde. Ýewropanyň günorta böleginde, Demirgazyk Afrikada, Kiçi we Alynky Aziýada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän guş, bir böleginiň, günorta ýurtlarda gyşlamaga galmaklary hem mümkin. Ýazyna mart-aprelde uçup geçýär. Agaçly-gyrymsy agaçly jeňňellikleri halaýar, ýöne suw basan gyrmançaly ýerlerde, howdanlaryň gyrasyndaky gamyşlyklaryň we ýylgynlyklaryň arasynda duşmaklary mümkin. Uçup geçmegi we gyşlamagy iýmit gorunyň (miweleriň) üpjünçiligine baglylykda göçüp-gonma.

Полевые признаки: сравнительно крупный дрозд. Верх **головы, зашеек и надхвостье голубовато-серые, спина каштаново-бурая, зоб и грудь с рыжеватым налетом, брюшко белое**. На боках крупные темные пестрины в виде небольших треугольников. Крылья и хвост черновато бурые. Над глазом светлая бровь, клюв желтый, с темно-бурым концом. Полет быстрый, у летящей птицы можно заметить светлый испод крыла. Очень подвижная, беспокойная и шумливая птица, постоянно издает характерный крик – «чак…чак…чак…», при тревоге сильно трещит – «ра-ра-ра». Пение состоит из флейтовых звуков вперемешку с резким трещанием. Крыло – 136-153, хвост – 96-117, цевка – 31-36, клюв – 15-20 мм, вес – 92.2–125 г.

Сходства – отличия: от других дроздов отличается голубовато-серым верхом головы и надхвостья.

Распространение: гнездовая часть ареала – Центральная Европа и ее северная половина, Урал, Западная и Восточная Сибирь. В Средней Азии, в том числе и Туркменистане, по речным поймам и в оазисах, по предгорьям и горным долинам. Зимует в южной половине Европы, Северной Африке, Малой и Передней Азии.

Образ жизни: пролетная птица, часть особей может оставаться у нас на зимовку в южных районах. Весенний пролет в марте-апреле. Предпочитают участки с древесно-кустарниковыми зарослями, но могут встречаться и на лугах, среди тростников и гребенщиков по берегам водоемов. Пролет и зимовка носит характер кочевок, зависящих от наличия кормов (ягод). Питаются ягодами шиповника, боярышника,

Itburunlaryň, alyçlaryň, guşigdeleriň we başgalaryň miwelerini çöpleýär.

Statusy: umuman az sanly, käbir ýerlerde uçup geçende adaty guş.

джиды и др.

Статус: в целом немногочисленная, местами на пролете обычная птица.

### 357. Saýrak jokjoky – *Turdus philomelos* – Певчий дрозд

Meýdan alamatlary: sardan sähelçe ulurak ölçegli, gysga guýrukly maýda jokjoky, **üstki tarapy çalymtyl-goňur, kellesi çyparrak.** Ganatlary we guýrugy çalymtyl-ýaşylymtyl-çypar-rak öwüşginli goýy-goňur. **Döşiniň ak, petekesiniň we böwürleriniň sarymtyl reňkinde-tegelenen ýa-da çalaja süýrelen goýy goňur menekleri bolýar. Ganatynyň aşagynyň öňki bölegi uçan mahalynda çypar öwüşginli**. Çüňki garamtyl-goňur, aýaklary sarymtyl-goňur. Çagyryş sesi garyljyk-sykylyklar – “pi-ip, pi-ip-tak” ýa-da “pi-ip, pi-ip-täk. Rahatlygy bozulanda – “ştiks-ştiks-ştiks”. Saýraýşy sesli sykylyklar – “fýu-fýu… fi-fu”. Ganaty – 109-124, guýrugy – 77-95, söbügi – 30-35, çüňki – 17.3-18.2 mm, agramy – 65-90.1 g.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: akgaş jokjoka çalymdaş, ýöne ak gaşynyň we böwürlerinde çypar reňkiň ýokdygy sebäpli tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi Ýewropany, Kawkazy, Kiçi we Alynky Aziýany, Günbatar we Orta Sibiriň günortasyny öz içine alýar. Orta Aziýada we Türkmenistanda uçup geçende duşýar. Günbatar Ýewropada, Ortaýer deňzinde we Alynky Aziýanyň günortasynda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän guş, bir böleginiň gyşlamaga galmaklary hem mümkin. Ýazyna mart-aprelde,

Полевые признаки: мелкий дрозд с коротким хвостом, размером чуть крупнее скворца, **верх сероватo-бурый, голова с рыжеватым фоном**. Крылья и хвост темно-бурые, с серо-зелено-рыжеватым оттенком. **По белому на груди и желтоватому на зобе и боках фону – темно-бурые, округлые или слегка удлиненные пестрины. В полете снизу крыльев – на передней их части – рыжий тон**. Клюв черно-бурый, ноги желтовато-бурые. Позывка – сипловато-свистящее – «пи-ип, пи-ип-так», или «пи-ип, пи-ип-тэк». При возбуждении – «штикс-штикс-штикс». Песня – звонкое флейтовое – «фю-фю… фи-фу». Крыло – 109-124, хвост – 77-95, цевка – 30-35, клюв – 13.7-18.2 мм, вес – 65-90.1 г.

Сходства – отличия: похож на белобровика, но отличается отсутствием белой брови и рыжего цвета на боках.

Распространение: гнездовая часть ареала охватывает Европу, Кавказ, Малую и Переднюю Азию, юг Западной и Средней Сибири. В Средней Азии и Туркменистане на пролете. Зимует в Западной Европе, Средиземноморье и юге Передней Азии.

Образ жизни: пролетный вид, часть особей может оставаться на зимовку. Весной пролет в марте-апреле, осенью – в сентябре-ок-



güýzine – sentýabr-oktýabrda uçup geçýär. Uly bolmadyk süri we topar, köplenç iki-üç bolup gezýär. Iýmiti ýerden çöpleýär, dürli oňurgasyzlary awlaýar we miweleri iýýär.

Statusy: az sanly guş.

тябре. Встречаются небольшими стайками и группами, чаще держатся по две-три особи. Корм собирают, главным образом, с земли, добывая различных беспозвоночных, поедают и ягоды.

Статус: немногочисленная птица.

### 358. Akgaş jokjoky – *Turdus iliacus* – Белобровик

Meýdan alamatlary: sardan kiçiräk ölçegli, iň maýda jokjoky. Üstki tarapy çalymtyl-ýaşylymtyl-goňur, maňlaýnyň aladygy gowşak bildirýär. **Gözüniň üstündäki ak inli zolak çüňkinden başlanýar**. Boýnunyň gapdallary kiçiräk çypar tegmilli. Açyk reňkli petekesi we döşi dilkaw garamtyl menekli. Garny ak. **Böwürleri we ganatlarynyň aşagy çyparrak-gyzyl öwüşginde, ol aýratyn-da uçan mahalynda oňat görünýär**. Saýraýşy – şowhunly sesleriň toplumy we sesli sykylyk – “i-týu-týu-týu”. Çagyryş sesi – “si-tek-tek”. Gorkan mahaly jyrryldaýar – “şerr” ýa-da “çer”. Ganaty – 110-112, guýrugy – 75-86, söbügi –27-31, çüňki – 14.5-18.5 mm, agramy – 57.6 g.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: saýrak jokjoka çalymdaş, ýöne, ondan gaşynyň akdygy we böwürleriniň çyparrak-goňurdygy bilen oňat tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi Demirgazyk (Islandiýadan başlap) we Gündogar Ýewropany, Sibiri, onuň çetki demirgazyk we gündogar sebitlerinden başgalaryny öz içine alýar. Orta Aziýada, Türkmenistanda uçup geçende gabat gelinýär. Günbatar Ýewropada, Ortaýer deňzinde, Kawkazda, Kiçi we Alynky Aziýada gyşlaýar.

Полевые признаки: самый мелкий дрозд, размером не крупнее скворца. Верх серо-зеленовато-бурый, со слабыми пестринками на лбу. **От клюва над глазом – широкая белая полоса**. По бокам шеи небольшие рыжие пятна. На светлом зобу и груди – темные продольные пестрины. Брюхо белое. **По бокам и под крыльями рыже-красный тон, что особенно хорошо заметно в полете**. Песня – набор трескучих звуков и громкий свист – «и-тю-тю-тю». Позывка – «ци–тек-тек». При испуге – треща-ние «шерр» или «чер». Крыло – 110-112, хвост – 75-86, цевка – 27-31, клюв – 14.5-18.5 мм, вес – 57.6 г.

Сходства – отличия: похож на певчего дрозда, от которого хорошо отличается белой бровью и рыже-коричневыми боками.

Распространение: гнездовая часть ареала охватывает Северную (от Исландии) и Восточную Европу и Сибирь, кроме крайних северных и восточных ее областей. В Средней Азии, включая Туркменистан, встречается на пролетах. Зимует в Западной Европе, Средиземноморье, на Кавказе, в Малой, Передней Азии.

Образ жизни: пролетный вид, часть особей в отдельные годы зи-

Ýaşaýşy: uçup geçýän görnüş, aýratyn ýyllarda käbir bölegi gyşlaýar. Ýazyna martyň soňunda we aprelde, güýzine – sentýabryň başyndan noýabryň aýagyna çenli uçup geçýär. Agaçly-gyrymsy agaçly ýerlerde, düzliklerde – ösgin otly meýdanlarda topar we kiçiräk süri bolup gezýär. Esasy iýmiti oňurgasyzlar, miweleri hem iýýär.

Statusy: az sanly, seýrek guş.

мует. Весной появляется в конце марта и апреле, осенью – с начала сентября до конца ноября. Придерживается древесно-кустарниковых, а в открытой местности высокотравных участков, группами и небольшими стаями. Питается, преимущественно, беспозвоночными, поедает ягоды.

Статус: редкая, с низкой численностью птица.

### 359. Ala jokjoky – *Turdus viscivorus* – Деряба

Meýdan alamatlary: has uly jokjoky. **Guşuň tutuş aşagy, bokurdagyndan we ganatlarynyň aşagyndan galan ýeri açyk garamtyl süýrüräk menekli. Üstki tarapy goýy ýaşylymtyl-çal**. Guýrugy goýy goňur, uçlary ak tegmilli. Çüňki we dyrnaklary goýy-goňur, aýaklary – açyk goňur. Uçuşy göni, gowşak tolkunşekilli. Ýerde uly towusmalar bilen hereket edýär. Saýraýşy güýçli we owazly, arassa sykylykly gykylyklardan durýar – "te-rio-rio", dürli özgertmelerde – "ti-re-ti-ri". Howsalaly sesi – "trrr ýa-da hrrr". Ganaty – 141-178, guýrugy – 100-137, söbügi –30-37, çüňki – 17-22 mm, agramy – 105-149g.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: ölçegleriniň uludygy bilen saýrak jokjokydan tapawutlanýar, üstki tarapynyň birmeňzeş çaldygy bilen rýabina jokjokysyndan tapawut edýär.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi Afrikanyň demirgazyk-günbataryny, tutuş Ýewropany, onuň demirgazyk çetki welaýatlary aýrylanda, Günbatar Sibiriň günortasyny, Kiçi, Alynky, Orta we Merkezi Aziýanyň günbatarnyň daglyk welaýatlaryny öz içine alýar. Türkmenistanda – Köpetdagda, Köýtendagda, uçup geçende jülgelerde, oazislerde, hat-da çöllükde duşýar. Arealynyň günorta raýonlarynda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: düzlüklerde uçup geçýän, dagda – oturymly guş. Ýazda uçup geçmegi ir gutarýar – martyň soňunda, güýzde – noýabrda, soňra ol gyşlamaga galýar. Jeňňellikde we derýalaryň boýlaryndaky suw basan tokaýlyklarda, baglyklarda, gür ösen gyrymsylyklarda gabat gelýär. Dagdaky arçalyklarda höwürtgeleýär. Aprel-iýunda 4-5 sany goňur we çal meneklije gülgüne (ýaşylymtylgögümtil, gögümtil-çal) ýumurtgalary goýýar, ölçegleri – 27.4-36.5 x 20.7-24.6 mm. Güýzde we gyşda aglaba miweleri, ýaz-tomus döwründe oňurgasyzlary (tomzaklary, perdeganatlylary, sikadalary-jyzlanlary, göniganatlylary, ýagyş gurçuklaryny, balykgulaklary) çokýar.

Statusy: az sanly guş.

Полевые признаки: наиболее крупный дрозд. **Снизу птица вся, кроме горла и подкрыльев, светлая с округлыми темными пестринами. Сверху темно-зелено-серая**. Удлиненный темно-бурый хвост, с белыми концевыми пятнами. Клюв и когти темно-бурые, ноги светло-бурые. Полет прямой, слабоволнистый. На земле передвигается крупными прыжками. Песня – громкая и звучная, состоит из чисто свистовых криков – «те-рио-рио», ти-ре-ти-ри», с различными модификациями. Голос тревоги – «трpp или хрpp». Крыло – 141-178, хвост – 100-137, цевка – 30-37, клюв – 17-22 мм, вес – 105-149 г.

Сходства – отличия: от певчего дрозда отличается крупными размерами, от рябинника – однотонным серым верхом.

Распространение: гнездовая часть ареала охватывает северо-запад Африки, всю Европу, исключая крайние северные области, юг Западной Сибири, горные области Малой, Передней, Средней и запада Центральной Азии. В Туркменистане – в Копетдаге, Койтендаге, на пролете в долинах и оазисах, и даже в пустыне. Зимует в южных районах своего ареала.

Образ жизни: на равнинах пролетно-зимующая, в горах оседлая птица. Весенний пролет заканчивается рано – в конце марта, а осенний – в ноябре, переходящий в зимовку. Встречается в тугайных и пойменных лесах по долинам рек, садах, рощах, зарослях кустарников. Гнездится в горах в арчевниках. Кладка из 4–5 розоватых (зеленовато- голубых, голубовато-серых) с бурыми и серыми пятнами яиц, в апреле-июне, размеры – 27.4-36.5 х 20.7-24.6 мм. Осенью и зимой кормятся, преимущественно, ягодами, в весенне-летний период беспозвоночными (жуками, перепончатокрылыми, цикадами, прямокрылыми, дождевыми червями, моллюсками).

Статус: немногочисленная птица.

### 360. Ak petekeli jokjoky – *Turdus torquatus* – Белозобый дрозд

Meýdan alamatlary: **ýaşy ýeten guşlary petekesindäki kese duran ýagty tegmili boýunça aňsat tanasa bolýar**. Horazynyň umumy reňki goňurrak-gara, ýelekleriniň agymtyl jähekleri oňa teňňeşekilli nagyş sypatyny berýär, açyk dik zolakly bolup, uçanynda ganatlary agymtyl ýaly bolup görünýär. Petekesindäki tegmil ak. Mäkiýany goňurrak-çal, petekesindäki tegmil goňurrak. Ýaş guşlar çalymtyl-goňur, petekesi meneksiz. Çüňki gara uçly sarymtyl, aýaklary – goňur, dyrnaklary – garamtyl. Saýraýşy – birmeňzeş heňli tükeniksiz gaýtalama – "žoleng-týi" ýa-da "týuwi-týulud…". Howsala dü-

Полевые признаки: **взрослые легко узнаются по светлому пятну поперек зоба**. Общая окраска самца буро-черная со светлыми окаймлениями перьев, придающих оперению чешуйчатый рисунок, крылья с продольными светлыми полосками, в полете крылья кажутся светлыми. Пятно на зобе белое. Самка буро-серая, пятно на зобе буроватое. Молодые – серовато-бурые, без пятна на зобе. Клюв желтоватый с темным концом, ноги бурые, когти черноватые. Пение очень монотонное, бесконечно повторяемое – «жоленг-тйи» или «тюви-тюлид…». При беспокойстве –

şeninde pert – “trek-çek-çek” ýa-da “siii”, gara jokjokyňkydan has gaty. Ganaty – 132-146, guýrugy – 99-117, söbügi –32-35, çüňki – 17-21 mm, agramy – 92-138 g.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: agymtyl petekesiniň we ganatlarynyň açyk reňki bilen gara jokjokydan, umumy reňkiniň garamtyldygy bilen galan jokjokylardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealynda höwürtgeleýän bölegi Günbatar Ýewropany, Skandinawýany hem goşanyňda, Kawkazy, Kiçi we Alynky Aziýanyň daglyk raýonlaryny öz içine alýar. Türkmenistanda – diňe Uly Balkanda we Köpetdagda. Arealynyň günortasynda we Ortaýer deňzine ýanaşyk sebitlerde gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwurtgeleýän, bir bölegi oturymly ýaşaýan dag guşy. Arçalyk zolakda we agaçly-gyrymsy agaçly ýerlerde gezýär. Ýerde, daşlaryň arasynda, arçanyň ýa-da gyrymsylaryň üstünde höwürtge gurýar. Apreliň soňunda, maýda we iýunyň başynda 4-5 sany çypar meneklije gögümtil-ýaşyl ýumurtgalary goýýar, ölçegleri – 28.9-34.0 x 20.3-24.0 mm. Özüniň we jüýjeleriniň iýmiti oňurgasyzlar, bişen miweler.

Statusy: az sanly görnüş.

резкое «трек-чек-чек» или «циии», более жесткое чем у черного дрозда. Крыло – 132-146, хвост – 99-117, цевка – 32-35, клюв – 17-21 мм, вес – 92-138 г.

Сходства – отличия: от черного дрозда отличается, даже издали, светлыми зобом и крыльями, от остальных дроздов – общей темной окраской.

Распространение: гнездовая часть ареала охватывает Западную Европу (включая Скандинавию), Кавказ и горные районы Малой и Передней Азии. В Туркменистане – только в Больших Балханах и Копетдаге. Зимует на юге своего ареала и в прилежащих районах Средиземноморья.

Образ жизни: прилетно-гнездящаяся горная птица, часть особей оседла. Держатся в зоне арчи и на участках с древесно-кустарниковым зарослями. Гнезда на земле, среди камней, на арче или на кусте. Кладка из 4-5 голубовато-зеленых с рыжеватыми пятнами яиц, в конце апреля, мае и начале июня, размеры яиц – 28.9-34 х 20.3-24 мм. Питаются и выкармливают птенцов беспозвоночными и ягодами после их созревания.

Статус: немногочисленный вид.

### 361. Gök jokjoky – *Myophonus caeruleus* – Синяя птица

Meýdan alamatlary: bizde duşýan jokjokylaryň arasynda has ulusy. Guýrugy beýlekilere garanyňda uzyn, ganatlary tegelenen we gysga. **Reňki goýy-gök, arkasy, kellesi we döşi ýaldyrawuk kümüşleç-gögümtil**, ganatlary we guýrugy goýy-gök. Guş uzakdan gara ýaly bolup görünýär. Ganatlaryndaky ak tegmil şeýle öwüşginde anyk saýlanýar, bu tegmil, haçanda guşy gün şöhlesi ýagtylandyranda dury suw damjasynyň ýeleklerde saklanyp galan ýaly bolup görünýär. Aýaklary we dyrnaklary goýy-goňur, çüňki sähelçe gaňrak ujy sary. Sesi owazly, dürli we örän batly. Saýraýşy – owadan sykylyklaryň ses toplumy, dag akabalarynyň boýunda saýraýar, şeýle şertde beýleki guşlaryň sesi eşdilmeýär. Çagyryş sesi pert – “džži”. Ganaty – 170-197, guýrugy – 134-163, söbügi – 48-54, çüňki – 17-20.5 mm, agramy – 130-195 g.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: göwresiniň uludygy we goýy-gök reňki bilen beýleki jokjokylardan tapawutlanýar.

Ýaýran ýeri: Gündogar Hytaýyň, Günorta, Merkezi we Orta Aziýanyň beýik dagly ýerleri. Türkmenistanda – diňe Köýtendagda.

Ýaşaýşy: oturymly guşy. Dag jülgeleriniň insiz kert gaýaly we äpet daşly uçutly derelerinde, joşup akýan derýajyklaryň agaç we gyrymsy agaçly jeňňellikleriň utgaşykly ýerlerinde ýaşaýar. Adatça, suwuň gyrasyndaky, suwa girip çykmaga amatly bolan daşlaryň üstünde gabat gelýär. Ol islendik uçut gaýalardan böküp, sallanyp duran gaýalaryň çüňklrinde saklanyp durup, gaýanyň depesine suwuň gyrasyndan çalt dyrmaşyp bilýär, käte gyrymsynyň depesinde oturýar, az uçýar. Dag şaglawuklaryň aşagyndaky basgançakly daşlaryň arasyndaky tekjede, mart-aprelde höwürtge gurýar. 4-5 sany anyk bolmadyk solak-goňur meneklije kirliräk ak ýa-da gülgüne reňkli ýumurtgalary goýýar, ölçegleri – 33-36 x 24-25 mm. Maýda jüýjeleri uçurym bolýar. Oňurgasyzlary (kebelekleri we olaryň

Полевые признаки: наиболее крупная среди наших дроздов. Хвост сравнительно длинный, крылья округлые, короткие. **Окраска темно-синяя, с серебристо-фиолетовыми блестками на спине, голове и груди**, крылья и хвост темно-синие. Издали птица кажется черной. На таком фоне на крыльях выделяются белые пятна, когда птица освещена солнечными лучами, эти пятна кажутся как бы прозрачными каплями, задержавшимися на перьях. Ноги и когти темно-бурые, клюв желтый с небольшим крючком на конце. Голос звучный, разнообразный и очень громкий. Песня – набор громких красивых свистов, поет у горных потоков, в таких условиях голоса других птиц не слышны. Позывка – резкое «джжи». Крыло – 170-197, хвост – 134-163, цевка – 48-54, клюв – 17-20.5 мм, вес – 130-195 г.

Сходства – отличия: от других дроздов отличается крупной величиной и темно-синей окраской.

Распространение: высокогорные области Восточного Китая, Южной, Центральной и Средней Азии. В Туркменистане – только Койтендаг.

Образ жизни: оседлая птица. Поселяется в ущельях и узких долинах с наличием отвесных скал и каменистых глыб, бурных речных потоков в сочетании с древесно-кустарниковыми зарослями. Обычно встречается на камнях у самой воды, в которую может заходить и купаться. Прыгает по любым отвесным скалам, удерживаясь на выступах и карнизах, быстро добирается от подножия скалы до вершины, иногда садится на кусты, летает немного. Гнездится у горных водопадов. Гнезда в марте-апреле. Кладка из 4-5 грязно-белых или розоватых с неясными бледно-коричневыми пятнышками яиц, в апреле, размеры – 33-36 х 24-25 мм. Летные птенцы встречаются в мае. Питается беспозвоночными (бабочками

liçinkalaryny, gije duşýan kebelekleri, ỳzlanlary, byçgylaýjylary, möýleri, çybynlary, wyžžyldawuklary, balykgulaklary), güýzine – itburunyň, tut agajynyň we başgalaryň miwelerini iýýär.

Statusy: seýrek görnüş, Köýtendag goraghanasynyň guşlarynyň iň täsin wekilleriniň biri.

и их гусеницами, совками, цикадами, пилильщиками, пауками, комарами, жужелицами, моллюсками), осенью – ягодами шиповника, шелковицы и др.

Статус: редкий вид, один из наиболее интересных представителей Койтендагского заповедника.

**Ala Jikjikiler – *Timeliidae* – Тимелиевые**

Maýda we orta ölçeglerdäki guşlar maşgalasy. Jikjikileri we çitçitileri, has uly guşlary – jokjokylary, hat-da gargalary ýatladýar. Ýelek örtügi ýumşak, hezzik, gür, adatça tutuk reňkli. Aýaklary gysga, güýçli, gür çybyklaryň arasyndan dyrmaşyp çykmak üçin uýgunlaşan. Ganatlay gysga, tegelenen, guýrugy has uzyn we tegeleklenen. Başgalara garanyňda güýçli çüňkli. Gyrymsyly jeňňelliklerde we tokaýlyklarda ýere ýakyn gezýär. Baglarda birnäçe görnüşleri gabat gelýär. Guşlar monogam, reňki boýunça horazlary mäkiýanlaryndan tapawutlanmaýar. Oturymly ýaşaýar. Ýerden beýik bolmadyk gyrymsylarda açyk, okaraşekilli höwürtge gurýar. Ýumurtgalary bir öwüşginde – gögümtil ýa-da ýaşylymtyl reňkli, käte menekli. Osümlikleriň danelerini, miwelerini, mör-möjekleri, käbirleri diňe mör-möjekleri iýärler. Gündogar ýarymşaryň tropik we subtropik ýurtlarynda gabat gelýär: Afrikada we Madagaskarda, Günorta Aziýada, Malaý arhipelagynyň adalarynda, Täze Gwineýada we Awstraliýada. Jemi 240 görnüş, olardan Orta Aziýada we Türkmenistanda – 1 görnüş.

Семейство птиц мелких и средних размеров. Напоминают синиц и крапивников, более крупных птиц – дроздов и даже ворон. Оперение мягкое, рыхлое, густое, обычно неяркой окраски. Ноги короткие, сильные, хорошо приспособленные для лазания по ветвям в густой чаще. Крылья короткие, закругленные, хвост довольно длинный и округлый. Клюв относительно сильный. Населяют кустарниковые заросли и лесные участки, держится близко у земли. Ряд видов встречаются в садах. Моногамные птицы, самцы и самки по окраске не различаются. Ведут оседлый образ жизни. Гнезда – открытые, чашевидные на кустах невысоко над землей. Яйца однотонной голубоватой и зеленоватой окраски, иногда с пятнами. Кормятся семенами, ягодами, насекомыми, некоторые только насекомыми. Встречаются в тропических и субтропических странах Восточного полушария: в Африке и на Мадагаскаре, в Южной Азии, на островах Малайского архипелага, в Новой Гвинее и Австралии. Всего 240 видов, из которых в Средней Азии и Туркменистане – 1 вид.

**362. Gyrymsy jikjikisi – *Garrulax lineatus* – Кустарница**

Meýdan alamatlary: sardan sähelçe maýdarak we serçeden ulurak. Gür, ýumşak ýelek örtükli. Ganatlary gysga we azajyk aşaklygyna göýberilip tegelenen. **Guýrugy uzyn, ujy çalymtyl-ak zolakly inli basganҫaklanan**. **Umumy reňki garamtyl, çalymtyl-ýaşyl, ganatlary çyparrak.** Döşi we arkasy agymtyl, depesi we boýny garamtyl dik çyzykly. Arkasyna görä bili has çal. Duluklary goňurrak-gyzylymtyl. Bokurdagy, petekesi, döşi çyparrak, yelekleri ak sütünli we inli çal jähekli. Çüňki has açyk çüňkastly çalymtyl-goňur, aýaklary – açyk-goňurrak. Ýeriň üstüne golaý agyrlyk bilen uçýar. Ýerde hereket edeninde ýygy-ýygydan ganatlaryny gymyldatýar we guýrugyny göterýär. Agaç şahalara çakgan dyrmaşýar. Sesi – sozulan gaty sykylyk – "týu-ti-ti-wiu" we pessaýja "dži-dži". Ganaty – 78-89 mm.

Meňzeşlikleri–tapawutylary: Türkmenistanda meňzeş görnüşleri ýok.

Ýaýran ýerleri: Alynky Aziýanyň gündogaryndaky we Orta Aziýanyň günorta-gündogaryndaky daglyk ýerlerde, Gimalaý daglarynda we Tibetiň günorta-gündogar bölegin-de. Türkmenistanda – Köýtendagda.

Ýaşaýşy: oturymly we göçüpgonýan guş. Jülgelerdäki we dag derelerindäki gyrymsyly jeňňellerde ýaşaýar. Höwürtgeleýän döwründe jübüt, galan wagty – ýerde, gyrymsylaryň aşagynda we olaryň aşaky böleginde kiçiräk süri bolup gezýär. Gyrymsylarda höwürtge gurýar. Maý-iýunda 3-5 sany meneksiz gögümtil-ýaşyl ýumurtgalary goýýar. Ösümlikleriň däneleri, şireli we ownuk miweleri, ýaz-tomus wagty – mör-möjekler we oňurgasyzlar bilen iýmitlenýar.

Полевые признаки: несколько мельче скворца и крупнее воробья. Оперение густое, пушистое. Крылья короткие и округлые, как бы слегка приспущенные. **Хвост удлиненный широкий ступенчатый с серовато-белой полосой на конце**. **Общая окраска темная, серо-зеленая, крылья рыжеватые**. На груди и спине беловатые, а на темени и шее черноватые продольные штрихи. Поясница более серая, чем спина. Щеки буровато-красноватые. Горло, зоб, грудь рыжеватые с белыми стержнями перьев и широкими серыми каймами. Клюв серо-бурый с более светлым подклювьем, ноги светло-буроватые. Полет тяжелый, невысоко над землей. При передвижении по земле птица часто поводит крыльями и поднимает хвост. Ловко лазает по ветвям. Голос – протяжный высокий свист – «тью-ти-ти-виу» и негромкое «джи-джи». Крыло – 78-89 мм.

Сходства – отличия: в Туркменистане сходных видов нет.

Распространение: горные районы на востоке Передней и юго-востоке Средней Азии, Гималаи и юго-восточная часть Тибета. В Туркменистане – Койтендаг.

Образ жизни: оседлая и кочующая птица. Населяет участки кустарниковых зарослей в ущельях и горных долинах. Держится в гнездовое время парами, в остальное – небольшими стайками на земле, под кустиками и в их нижней части. Гнездо устраивает на кусте. Кладка из 3-5 голубовато-зеленых яиц без пятен, в мае-июне. Питается семенами, ягодами, мелкими плодами, весной и летом также насекомыми и мелкими беспозвоночными.

Statusy: az sanly, bizde ýeterlik öwrenilmedik guş.

Статус: немногочисленная, недостаточно изученная у нас птица.

### Gögümtil jikjikiler – *Panuridae* – Суторовые

Çüňkiniň düýbi çişigrak we basgançakly uzyn guýrukly, maýda guşlar maşgalasy. Burun deşikleri tegelek üsti deripisintli perdejik ýa-da gylşekilli ýelejikler bilen örtülen. Ýelek örtügi ýumşak we mymyk, ganatlary başgalara garanyňda gysga hem kütek. Mör-möjekler bilen iýmitlenýär. Jemi 18, Türkmenistanda 1 görnüş gabat gelýär.

Семейство мелких птиц с коротким вздутым у основания клювом и длинным ступенчатым хвостом. Ноздри круглые, прикрытые кожистой перепонкой или волосовидными перышками. Оперение мягкое, пушистое, крылья относительно короткие тупые. Питаются насекомыми. Всего 18, в Туркменистане 1 вид.

### 363. Murtly gögümtil jikjiki – *Panurus biarmicus* – Усатая синица

Meýdan alamatlary: serçeden kiçi. **Horazynyň kellesiniň üsti we boýny çal, arkasy we guýrugy goňurrak-çypar**, ganatlary ak zolakly garamtyl-goňur. **Bokurdagynyň gapdallaryndaky ösgün ýeleklery gara murt görnüşinde**. Basgançakly uzyn, guýrugynyň ujy çowly. Aşaky tarapy agymtyl, böwürleri gülgüne we guýrugynyň aşagy gara. Mäkiýan guşlaryň kellesiniň çal reňki, gara murty we guýrugynyň aşagynda gara reňki ýok, **ýaş guşlaryň arkasy gara**, ganatlarynyň we guýrugynyň gapdallarynyň gara gatyşyklydygy aýdyň görünýär. Çüňki sary, aýaklary gara. Sesi batly – "çwin-çwin". Uzynlygy – 160-180, ganaty – 69-63, ganatlarynyň gerimi – 180-200 mm, agramy – 14-17 g.

Полевые признаки: величиной меньше воробья. **У самца верх головы и шея серые, спина и хвост коричневато-рыжие**, крылья черновато-коричневые с белой полосой. **Удлиненные перья по бокам горла в виде черных "усов"**. **Хвост длинный ступенчатый, заостренный на конце**. Низ беловатый с розовыми боками и черным подхвостьем. У самок нет серого цвета на голове, черных "усов" и черного подхвостья, а **у молодых спина черная** с заметной примесью черного на крыльях и боках хвоста. Клюв желтый, ноги черные. Голос – звонкое «чвинь-чвинь». Длина – 160-180, крыло – 60-63, размах крыльев – 180-200 мм, вес – 14-17 г.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: anyk saýgardýan we boýnunyň uzaboýuna aşaklygyna gönügen gara ýelek dessejigi – murty bilen beýleki jikjikilerden tapawutlanýar.

Сходства – отличия: от других синиц отличается хорошо заметными и направленными вниз вдоль шеи пучками черных перьев – усами.

Ýaýran ýerleri: Günbatar Ýewropa, Günorta-Günbatar we Merkezi Aziýa, Ýaponiýa. Orta Aziýada – düzlük böleginde gabat gelýär. Türkmenistanda – esasan uly we maýda derýalaryň jülgelerinde ýaýran, we deňiz kenarynda.

Распространение: Западная Европа, Юго-Западная и Центральная Азия, Япония. В Средней Азии – равнинная часть. В Туркменистане – в основном по долинам крупных и мелких рек, и побережью моря.

Ýaşaýşy: uçup geçýän, höwürtgeleýän we gyşlaýan guş. Batgalyklardaky, derýalaryň we kölleriň kenar ýakalaryndaky gamyşly we ýekenli jeňnelliklerde ýaşaýar. Jübüt we süri bolup gezýär. Gyrymsylaryň düýbinde, ýykylan gamyş üýşmeklerinde ýa-da suwa sallanýan gyrymsyda höwürtge gurýar. Aprel-maýda 5-7 sany garamtyl meneklije ak ýumurtgalary goýýar, ölçegleri – 13.7-14.1 x 16.4-19.6 mm. Esasan, mör-möjekleri we möýleri iýýär.

Образ жизни: пролетная, гнездящаяся и зимующая птица. Живет в зарослях камыша и тростника на болотах и по берегам рек и озер. Держится парами и стайками. Гнездо помещается у основания кустов, на поваленных стеблях камыша или на кусте над водой. Кладка 5–7 белых с темными крапинками яиц, в апреле-мае, размеры – 13.7-14.1 x 16.4-19.6 мм. Питается, в основном, насекомыми и пауками.

Statusy: az sanly, amatly ýerlerde adaty guş.

Статус: немногочисленная, в подходящих местах обычная птица.

### Uzynguýruk jikjikiler – *Aegithalidae* – Длиннохвостые синицы

Ganatlary kütek uçly gysga, guýrugy uzyn basgançakly maýda guşlar maşgalasy. Ýelek örtügi ýumşak we mymyk. Çüňki kiçiräk, gapdallaryndan gysylan. Reňkinde ak, gara we çypar öwüşginler agdyklyk edýär. Agaç sütünlerine çakgan dyrmaşýar. Boşluk meýdanlaryň tokaýlaryň ýaşaýjysy. Ululary ýaş guşlardan reňki boýunça kesgitli tapawutlanýar. Güýz-gyş döwründe süri bolup gezýär. Türkmenistanda 1 görnüş bar.

Семейство мелких птиц с длинным ступенчатым хвостом, с короткими тупыми крыльями. Оперение мягкое и рыхлое. Клюв небольшой, сжатый с боков. В окраске преобладают белый, черный и рыжие тона Хорошо лазают по деревьям. Обитатели светлых лесов и лесных опушек. Молодые по окраске резко отличаются от взрослых. В негнездовое время держатся стаями. В Туркменистане 1 вид.

### 364. Uzynguýruk gögümtil jikjiki – *Aegithalos caudatus* – Длиннохвостая синица, или ополовник

Meýdan alamatlary: serçeden kiçi, mymyk ýelekli guşjagaz. Umumy reňki gara, goýy-çal, gülgüne we kirliräk ak reňkleriň utgaşygy. **Arkasy we ganatlary, şeýle-de uzyn guýrugy – gara, guýrugynyň gapdallary ak zolakly**. Kellesiniň üsti goňurrak, böwürleri has garamtylrak zolakly, egni çal, döşi kirliräk aksowut, garny we böwürleri kirliräk-gülgüne öwüşginli. Çüňki gara

Полевые признаки: небольшая пушистая птичка, меньше воробья. Общая окраска – сочетание черных, темно-серых, розоватых и грязно-белых тонов. **Спина и крылья, а также длинный хвост – черные**, **по бокам хвоста белые полосы**. Верх головы буроватый с более темными полосами по бокам, плечи серые, на груди грязновато-светлый, на брюш-

hem gysga, **gözüniň daşyndaky insiz ýalaňaç halka sary**, ol diňe ýakyn aralyk-dan görünýär. Aýaklary gara. Ýaş guşlaryň duluklary, ýeňsesi, arkasy we eginleri kirliräk-goňur, aşaky tarapy we gözüniň daşyndaky ýalaňaç halka gyzyl. Sesi batly – "çerrr-çerrr". Uzynlygy – 148-170, ganaty – 60-70, ganatlarynyň gerimi – 183-200 mm, agramy – 8-10 g.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: guýrugynyň örän uzyndygy bilen beýleki jikjikilerden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Ýewropada we Kiçi Aziýada, Günbatar Eýranda, Demirgazyk Gazagystanda, Mongoliýada, Hytaýda, Koreýada, Ýaponiýada. Orta Aziýada–Türkmenistanyň günortagünbatarynda, ýagny Gunbatar Köpetdagda duş gelýär.

Ýaşaýşy: oturymly we göçüp-gonýan guş. Derýaýaka tokaýlyk meýdanlarda, derýalaryň saýaly we miweli jülgelerinde (Sumbar, Çendir) we baglarda ýaşaýar. Höwürtgeleýän döwründe jübüt we galan wagty – süri bolup gezýär. Gapdal girelgeli şarşekilli höwürtgesini agaç sütünleriniň ýabalanan ýerinde ýa-da çybyklarynyň arasynda gurýar. Aprel-iýunda 9-12 sany mawytyl-gülgüne meneklije ak ýumurtgalary goýýar, ölçegleri – 10.4-11.6 x 13.1-15.2 mm. Esasan, mörmöjekleri we möýleri iýýär.

Statusy: az sanly, amatly ýerlerde adaty guş, Sünt-Hasardag goraghanasynyň guşlarynyň iň täsin wekilleriniň biri.

ке и боках грязновато-розовый оттенок. Клюв короткий черный, голое **узкое кольцо вокруг глаза желтое**, что видно лишь на близком расстоянии. Ноги черные. У молодых щеки, затылок, спина и плечи грязно-бурые, низ белый и вокруг глаз красное голое кольцо. Голос – звонкое «чэррр-чэррр». Длина – 148-170, крыло – 60-70, размах крыльев – 183-200 мм, вес – 8-10 г.

Сходства – отличия: от других синиц отличается очень длинным хвостом.

Распространение: Европа и Малая Азия, Западный Иран, Северный Казахстан, Монголия, Китай, Корея, Япония. В Средней Азии – юго-запад Туркменистана, а именно – Западный Копетдаг.

Образ жизни: оседлая и кочующая птица. Населяет участки с древесной пойменной растительностью, речных долин (Сумбар, Чендыр) и сады. Держится в гнездовое время парами, а в остальное – стайками. Гнездо шарообразное с боковым входом, помещается на развилке ствола или куста. Кладка 9–12 белых с фиолетово-розовыми крапинками яиц, в апреле-июне, размеры – 10.4–11.6 x 13.1–15.2 мм. Питается, в основном, насекомыми и пауками.

Статус: немногочисленная, но в подходящих местообитаниях обычная птица, один из интересных представителей птиц Сюнт-Хасардагского государственного заповедника.

## Jikjikiler – *Paridae* – Синицевые

Maýda saýrak guşlar maşgalasy. Çüňki konus şekilli gysga we başgalara garanyňda ýiti uçly. Burun deşikleri gyllar bilen ýapylan. Aýaklary başgalara garanyňda güýçli we ýognalan dyrnakli. Ýelekleri ýumşak. Ganatlary gysga we tegelenen. Horazynyň reňki mäkiýanyna meňzeş, özgerişi ýaş tapawudynda hem az. Guşlar agaçly we gyrymsy agaçly ýerlerde ýaşaýarlar. Agaçlaryň köweklerinde, özeni çüýrän sütünleriň, kökleriň ýarçyklarynda we beýleki ýapyk ýerlerde höwürtgeleýärler. Güýzgyş döwründe köp göçüp-gonýar. Mör-möjekler we seýrek haşal otlaryň däneleri bilen iýmitlenýärler. Dünýäde 60-a golaý görnüşi bolup, olaryň 10-sy Türkmenistanda ýaşaýar.

Семейство мелких певчих птиц. Клюв короткий конусовидный и относительно острый. Ноздри прикрыты щетинками. Ноги относительно сильные с утолщенными когтями. Оперение рыхлое. Крылья короткие и закругленные. Самец и самка окрашены одинаково, возрастные изменения незначительны. Птицы, преимущественно, древесно-кустарниковых местообитаний. Гнездятся в дуплах, расщелинах и иных закрытых местах. В негнездовой период многие кочуют. Питаются насекомыми и реже семенами. В мире около 60 видов, из которых 10 в Туркменистане.

### 365. Züýk – *Remiz pendulinus* – Обыкновенный ремез

Meýdan alamatlary: serçeden has kiçi. **Kellesi, gözüniň daşyndaky uly gara tegmilden galan ýeri çal. Arkasy we eginleri goňur**. Ganatlary we guýrugy garamtyl, ýelekleri agymtyl jähekli. Bedeniniň aşagy çypar ýokundyly agymtyl. Mäkiýany horazyndan solak reňkli we gözüniň daşy kiçiräk tegmilli. Ýaş guşlaryň kellesi tutuşlygyna, arkasy we eginleri çyparrak-çalymtyl, kellesi gara reňksiz. Aýaklary gara. Sesi inçe sykylyk – "tsiii-tsiii". Uzynlygy – 105-126, ganaty – 52-60, ganatlarynyň gerimi – 166-183 mm, agramy – 8-10 g.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: kellesiniň çaldygy bilen garabaşly züýkden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Günorta we Orta Ýewropada, Kawkazda, Kiçi, Orta we Merkezi Aziýada, Gazagystanda, Hytaýyň günortasynda, Koreýada we Ýaponiýada höwürtgeleýär. Orta Aziýada we Türkmenistanda ýaprakly tokaýlary, tokaýjyklary, derýalaryň

Полевые признаки: величиной значительно меньше воробья. **Голова серая, за исключением большого черного пятна вокруг глаз. Спина и плечи коричневые**. Крылья и хвост черноватые со светлыми окаймлениями перьев. Низ тела беловатый с рыжеватым налетом. Самка бледней самца, пятно вокруг глаз небольшое. У молодых вся голова, спина и плечи рыжевато-сероватые, черного на голове нет. Ноги черные. Голос – тонкий свист «тсиии-тсиии». Длина – 105-126, крыло – 52-60, размах крыльев – 166-183 мм, вес – 8-10 г.

Сходства – отличия: от черноголового ремеза отличается серой головой.

Распространение: Южная и Средняя Европа, на Кавказе, в Малой, Средней и Центральной Азии, Казахстане, на юге Китая, Кореи и Японии. В Средней Азии населяет лиственные леса и рощи, в Тур-

kenaryndaky jeňňellikleri eýeleýär, beýleki ýerlerde-de hem gabat gelmekleri mümkin. Öz arealynyň günorta böleginde gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup-geçýän we gyşlaýan görnüş, höwürtgeleýän jübütleri hem duşýar (Etrek derýasynyň boýunda). Derýalaryň we kölleriň kenaryndaky gamyşly jeňňelliklerde, agaç we gyrymsy agaçly, toraňňyly tokaýlarda mekan tutýar, uçup geçýän döwründe sazak tokaýlarynda hem gabat gelýär (Gündogar Garagumda). Süri bolup gezýär. Iýmiti – mör-möjekler, şeýle-de ösümlikleriň tohumlary.

Statusy: seýrek, emma, amatly ýerlerde adaty guş.

кменистане - тугайные заросли по берегам рек, может попадаться и в других местах. Зимует в южных частях своего ареала.

Образ жизни: пролетный, зимующий вид, но встречается и на гнездовье (Этрек, низовья Теджена и Мургаба). Придерживается древесно-кустарниковых, камышовых зарослей по берегам рек и водоемов, на пролете не избегает саксаульников (в частности, в Восточных Каракумах). Гнезда как у черноголового ремеза. Осенью и зимой держатся стайками. Питание – насекомые, а также семена растений.

Статус: редок, но в подходящих местообитаниях обычен.

### 366. Garabaşly zǘýk – *Remiz coronatus* – Черноголовый ремез

Meýdan alamatlary: serçeden has maýda. **Horazynyň kellesiniň gapdallary we üsti gara, ýöne "telpejigi" açyk reňkli**. Galan ýeri adaty züýge meňzeş – arkasy we eginleri goňur, ýöne biraz solagrak. Ganatlary we guýrugy açyk dik zolakly garamtylrak. Mäkiýany we ýaş guşlar edil adaty züýgiňki ýaly. Aýaklary goýygoňur. Uzynlygy – 105-126, ganaty – 51-53, ganatlarynyň gerimi – 167-185 mm, agramy – 7-10 g.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: horazlarynyň gara reňkiniň kellesiniň gapdallarynda we ýeňsesinde goýydygy bilen adaty züýkden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Gazagystanda we Orta Aziýanyň düzlük we daglyk ýerlerindäki derýalaryň jülgelerinde höwürtgeleýär. Türkmenistanda – Sarygamyşda, Amyderýada we beýleki uly derýalaryň boýlarynda. Alynky Aziýada we Hindistan ý/a demirgazyk-günbatarynda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: höwürtgeleýär, uçup geçýär we gyşlaýar. Jeňňelliklerde we beýleki agaçly, gyrymsy agaçly ýerlerde mekan tutýar. Höwürtgesi özboluşly – haltajyk ýa-da ýeňlik ýaly bolup, holtumpisintli gysga girelgesi gapdalynda ýerleşýär; guşlar höwürtgesini ösümlikleriň sütük süýmlerinden örýär we ony baldakdan, köplenç suwa sallanyp duran çybykdan asyp goýýar. Maý aýynda 5-6 sany akja ýumurtgalary goýýar. Jübüt, uçup geçende we gyşlanda süri bolup gezýär. Ownuk oňurgasyzlar we ösümlikleriň tohumlary bilen iýmitlenýär.

Statusy: adaty züýkden has köpsanly.

Полевые признаки: значительно мельче воробья. **У самца голова по бокам и сверху черная, но "шапочка" светлая**. В остальном сильно схож с обыкновенным ремезом – спина и плечи тоже коричневые, правда, чуть бледнее. Крылья и хвост черноватые со светлыми продольными полосками. Самка и молодые как у обыкновенного ремеза. Ноги темно-бурые. Длина – 105-126, крыло – 51-53, размах крыльев – 167-185 мм, вес – 7-10 г.

Сходства – отличия: от обыкновенного ремеза отличается развитием черного цвета у самцов на боках головы и затылке.

Распространение: Казахстан и Средняя Азия - по долинам равнинных и горных рек; в Туркменистане гнездится – на Сарыкамыше и по Амударье, а зимой по Амударье и долинам других крупных рек. Зимует также южнее - в Передней Азии и на крайнем северо-западе Индостана.

Образ жизни: пролетный, гнездящийся и зимующий вид. Населяет тугайные и другие заросли, участки с густыми древесно-кустарниковыми насаждениями. Характерное гнездо – в виде мешочка или рукавицы с боковым ходом в виде короткой трубки; гнездо птицы вьют из растительного пуха и подвешивают на ветках, нередко над водой. Кладка из 5-6 белых яиц в мае. Держатся парами, на пролете и зимовке стайками. Питание как у обыкновенного ремеза.

Статус: более многочислен, чем обыкновенный ремез.

### 367. Gysgaguýruk gögümtil jikjiki – *Parus ater* – Черная синица, или московка

Meýdan alamatlary: serçeden ölçegi biraz maýda. "**Telpejigi" we bokurdagy gara, ak ýaňakly**. **Ýeňsesi ak tegmilli**. Arkasy solak poslurakgoňur. Bili we guýrugynyň üsti çyparrak. Petekesi we döşüniň öňki bölegi gara. Aşaky tarapynyň **galan ýeri mesgepisint-ak, böwürleri we garny çyparrak-goňur ýokundyly**. Ganatlary goňur iki sany kese zolak görnüşinde açyk bellikli. Guýruk ýelekleri çalymtylrak jäheklenen goňur. Çüňki gara, aýaklary goýyçal. Ýaşlary uly guşlara çalymdaş, ýöne ýelekleri tutuk gara reňkli, ýelekleriniň galany kirliräk ýokundy reňki. Sesi güýçli – "si-pi, si-pi" ýa-a "titi-týuý". Uzynlygy 103-127, ganaty – 60-70, ganatlarynyň gerimi – 180-207 mm, agramy – 8-11 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: garnynyň açyk reňklidigi bilen çýpar-

Полевые признаки: размером несколько мельче воробья. "**Шапочка" и горло черные, контрастирующие с белыми щеками**. **На затылке белое пятно**. Спина бледная ржаво-бурая. Поясница и надхвостье рыжеватое. Зоб и передняя часть груди черные. Остальной **низ сливочно-белый с рыжевато-бурым налетом на боках и брюшке**. Крылья бурые со светлыми отметинами в виде двух поперечных полос. Перья хвоста бурые с сероватыми окаймлениями. Клюв черный, ноги темно-серые. Молодые птицы похожи на взрослых, но черный цвет на перьях тусклый, остальное оперение с цветом грязноватого налета. Голос – звонкое «ци-пи, ципи» или «ти-ти-тюй». Длина – 103-127, крыло – 60-70, размах крыльев – 180-207 мм, вес 8–11 г.

boýun jikjikiden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Günbatar Ýewropa, Demirgazyk-Günbatar Afrika, Demirgazyk-Günbatar Eýran, Hytaý, Demirgazyk Mongoliýa, Koreýa, Ýaponiýa we Gündogar Gimalaý daglary. Orta Aziýada we Gazagystanda – daglardaky pürli tokaýlyklarda. Türkmenistanda – diňe Köpetdagyň çäginde duşýar.

Ýaşaýşy: oturymly guş. Arçalyklarda we beýleki agaç-gyrymsy agaçly ýerlerde mekan tutýar. Güýzgyş döwründe az-owlak göçüp-gonup gezýär. Merkezi we Gündogar Köpetdagyň, adatça, 1500-1600m, seýregräk has ýokary beýikliklerde ýaşaýar. Günbatar Köpetdagda we 1500 m aşakda höwürtgeleýär. Aprelde köpelmäge girişýär. Adatça, agaçlaryň köweginde höwürtge gurýar. 6-11 sany poslyrak-gyzyl meneklije ak ýumurtgalary goýýar. Esasan, mör-möjekleri iýýär.

Statusy: seýrek, käbir ýerlerde adaty guş, Köpetdag we Sünt-Hasardag goraghanalarynyň iň täsin wekilleriniň biri.

Сходства – отличия: от рыжешейной синицы отличается светлым брюшком.

Распространение: Западная Европа, Северо-Западная Африка, Северо-Западный Иран, Китай, Северная Монголия, Корея, Япония и Восточные Гималаи. В Средней Азии и Казахстане по горным хвойным лесам. В Туркменистане – только в пределах Копетдага.

Образ жизни: оседлая птица. Населяет арчевники и другие участки с древесно-кустарниковой растительностью. В осенне-зимний период совершает небольшие кочевки. В Центральном и Восточном Копетдаге обитает обычно на высоте 1500-1600 м, редко выше. В Западном Копетдаге гнездится и ниже 1500 м. К размножению приступают в апреле. Гнезда обычно в дуплах. В кладке 6-11 белых с ржаво-красными крапинками яиц. Питается, в основном, насекомыми.

Статус: редкая, местами обычная птица, один из наиболее интересных представителей Копетдагского и Сюнт-Хасардагского заповедников.

### 368. Çyparboýun jikjiki – *Parus rufonuchalis* – Рыжешейная синица

Meýdan alamatlary: serçeden ölçegi sähelçe kiçi. Kellesi, bokurdagy we petekesi gara. Ýaňagy we ýeňsesindäki tegmili ak. **Arkasy, döşüniň ýokarsy we garny gögümtil-çal**. Guýrugy we ganatlary goňurrak-çal. **Boýnyndaky tegmil, ganatlarynyň we guýrugynyň aşagy poslurak-çypar reňkli**. Ganatlary we guýrugy goňur, ýelekleri gögümtil-çal jähekli. Çüňki gara, aýaklary garamtyl-çal. Ýaş guşlar ulularyna garanyňda tutuk, ýöne reňkleriň ýaýraýşy edil şolaryňky ýaly. Sesi güýçli – "si-fýuýuýuý". Saýraýşy – sesli jikgildi. Uzynlygy 127-130, ganaty – 70, ganatlarynyň gerimi – 220-230 mm.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: boýnunyň we arkasynyň ýokarky böleginiň çyparrak öwüşgini, ganatlarynyň we guýrukastynyň çypardygy, böwürleriniň çaldygy, şeýle-de ölçeginiň has uludygy bilen gysgaguýruk gögümtil jikjikiden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Merkezi Aziýanyň daglary, Günbatar Hytaý we Gimalaý daglary. Orta Aziýada we Gazagystanda – daglaryň pürli tokaýlary. Türkmenistanda – diňe Köýtendagda.

Ýaşaýşy: oturymly we göçüp-gonýan guş. Daglaryň arça tokaýlyklarynda mekan tutýar. Höwürtgeleýän döwründe jübüt, galan wagty – süri bolup, beýleki jikjikiler bilen gezýär. Köweklerde höwürtgeleýär. Maý-iýunda ýumurtga goýýar. Mör-möjekleri, şol sanda arçalaryň zyýankeşlerini cokýar.

Statusy: az sanly guş, Köýtendag goraghanasynyň iň täsin guşlarynyň biri.

Полевые признаки: размером чуть меньше воробья. Голова, горло и зоб черные. Щеки и пятно на затылке белые. **Спина, верх груди и брюшко голубовато-серые**. Хвост и крылья буровато-серые. **Пятна на шее, испод крыла и подхвостье ржаво-рыжие**. Крылья и хвост бурые с голубовато-серыми каемками перьев. Клюв черный, ноги черно-серые. Молодые птицы бледнее, чем взрослые, но распределение цветов то же самое. Голос – звонкое «ци-фюююй». Песня – громкая трель. Длина – 127-130, крыло – 70, размах крыльев – 220-230 мм.

Сходства – отличия: от черной синицы отличается рыжеватым оттенком на шее и верхней части спины, рыжеватыми подкрыльями и подхвостьем, серым брюхом, а также более крупным размером.

Распространение: горы Центральной Азии, Западный Китай и Гималаи. В Средней Азии и Казахстане населяет горные хвойные леса. В Туркменистане – только в Койтендаге.

Образ жизни: оседлая и кочующая птица. Населяет горные арчевые леса. В гнездовой период держится парами, в остальное время – стайками, часто с другими синицами. Гнезда обычно в дуплах. Кладка в мае–июне. Питается насекомыми, в том числе и вредителями арчевников.

Статус: немногочисленная птица, один из наиболее интересных представителей Койтендагского заповедника.

### 369. Asman reňli jikjiki – *Parus caeruleus* – Обыкновенная лазоревка

Meýdan alamatlary: serçeden kiçi. Maňlaýy we gaşlary agymtyl. **Kellesi, depesi we ýeňsesi açykgök. Gözüniň üstünden insiz garamtyl zolak geçýär**. Bedeniniň üsti mawumtyl ýokundyly, kellesiniň gapdallary ak. Bokurdagy gara tegmilli. Aşaky tarapy sary, döşünden garnyna tarap agymtylrak gaýmaly mawumtyl-garamtyl zolak gidýär. Ganatlary gara, ýelekleri mawumtyl

Полевые признаки: величиной меньше воробья. Лоб и брови светлые. **Голова, темя и затылок светло-голубые. Через глаз – темная узкая полоска**. Верх тела зеленоватый с легким голубоватым налетом, бока головы белые. На горле черное пятно. Низ желтый, от груди на брюшко идет голубовато-черноватая полоска с беловатым окаймлением. Крылья черные с голубыми

jähekli. Guýrugy mawumtyl jähekli garamtylrak. Çüňki gara, aýaklary açyk-çal. Ýaş guşlaryň reňki öçugsi. Sesi güýçli – "si-sin-sirrzz". Saýraýşy – üzňeleýin gaty sykylyklar. Uzynlygy – 120, ganaty – 62-70, ganatlarynyň gerimi – 220-225 mm, agramy – 10-12 g.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: kellesindäki gök "telpejigi" bilen beýleki jikjikilerden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Ýewropa, Demirgazyk çetinden başgalarynda, Kanar adalary, Demirgazyk Afrika, Kiçi Aziýa w Eýran. Orta Aziýada we Gazagystanda daglardaky pürli tokaýlyklarda ýaýran. Türkmenistanda – Günbatar we Merkezi Köpetdagda. Gyş döwründe käte dag eteklerine aralaşýar.

Ýaşaýşy: arça tokaýlarynda, saýaly baglarda we seýilgählerde ýaşaýar. Höwürtgeleýän döwründe jübüt, galan wagty – süri bolup, ýygy-ýygydan beýleki jikjikiler bilen bile gezýär. Agaçlaryň köweklerinde höwürtgeleýär. Aprel-maýda 5-10 sany gyzylymtyl-goňur meneklije ak ýumurtgalary goýýar. Mör-möjekleri we olaryň ýumurtgalaryny iýýär.

Statusy: az öwrenilen, az sanly, käbir ýerlerde seýrek guş, Köpetdag we Sünt-Hasardag goraghanalarynyň iň täsin wekilleriniň biri.

каемками перьев. Хвост черноватый с голубыми каймами. Клюв черный, ноги светло-серые. Молодые птицы менее яркой окраски. Голос – звонкое «ци-цинь-циррззь». Песня – громкий прерывистый свист. Длина – 120, крыло – 62-70, размах крыльев – 200-225 мм, вес – 10-12 г.

Сходства – отличия: от других синиц отличается голубой "шапочкой" на голове.

Распространение: Европа, кроме крайнего Севера, Канарские острова, Северная Африка, Малая Азия и Иран. В Средней Азии и Казахстане населяет горные хвойные леса. В Туркменистане – западные и центральные части Копетдага. Зимой изредка в его предгорьях.

Образ жизни: оседлый вид. Населяет арчевые леса, сады и парки. В гнездовой период держится парами, в остальное время – стаями, часто с другими синицами. Гнездо устраивает в дупле. Кладка из 5-10 белых с красно-коричневыми крапинками яиц, в апреле-мае. Питается насекомыми и их яйцами.

Статус: малоизученная, немногочисленная, местами редкая птица, один из интересных представителей Копетдагского и Сюнт-Хасардагского заповедников.

### 370. Sary petekeli jikjiki – *Parus flavipectus* – Желтогрудая лазоревка

Meýdan alamatlary: serçeden biraz kiçi. Kellesiniň üsti açyk-çal. Çüňkinden başlanýan gögümtil zolak gözüniň üstünden geçýär. Depesi we bokurdagy garamtylrak. **Arkasy mawumtyl-çal. Kellesiniň gapdallary we bokurdagy kirliräk-çal**. **Petekesi we döşüniň öňki bölegi kese sary zolakly**, ýöne ol has öçügsi. Aşaky tarapynyň galan bölegi agymtylrak. Ganatlary gara, ýelekleri mawumtyl jähekli, olardaky ak tegmiller has ulurak. Guýrugy garamtylrak mawumtyl-gök gaýmaly we ýeleklerinde ak tegmilleri bolýar. Aýaklary we çüňki goýy-çal. Ýaşlary ulylaryna çalymdaş, ýöne kellesi çalymtyl, üstki tarapynyň umumy reňki sarymtylrak öwüşginli kirliräk-çalymtyl. Uzynlygy – 120-145, ganaty – 62-70, ganatlarynyň gerimi -220-225 mm.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: üstki tarapynyň gögümtilräk öwüşgini, petekesiniň we döşüniň açyk sary reňki bilen ak asman reňkli jikjikiden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Orta Aziýada we Gazagystanda daglyk ýerleri eýeleýär. Türkmenistanda – diňe Köýtendagda.

Ýaşaýşy: oturymly we göçüpgonýan guş. Jülgelerdäki we saýaly baglardaky (Köýtenderýa jülgesi) köwekli agaçly agaç-gyrymsy agaçly meýdanlaryny halaýar. Höwürtgesini agaçlaryň köweklerinde, ýykylan agaçlaryň jaýryklarynda, taşlanan jaýlaryň üçeginiň aşagynda we gum gaýalaryň köwekli tekjelerinde guryar. Aprel-maýda 6-9 sany gülgüne öwüşginli ak ýumurtgalary goýýar. Mör-möjekleri we olaryň gurçuklaryny iýýär.

Statusy: seýrek guş, Köýtendag goraghanasynyň iň täsin wekilleriniň biri.

Полевые признаки: несколько меньше воробья. Верх головы светло-серый. От клюва через глаз тянется синеватая полоска. Темя и горло темнее, более голубоватые. Спина голубовато-серая. Бока головы и горло грязновато-сероватые. **Поперек зоба и передней части груди – желтая полоса, но она не яркая. Остальной низ беловатый**. Крылья черные с голубыми каемками перьев, белые пятна на них больше. Хвост черноватый с голубовато-синими каемками и белыми пятнами на перьях. Ноги и клюв темно-серые. Молодые во многом похожи на взрослых, но голова сероватая, общий тон верха грязновато-сероватый с желтоватым оттенком. Длина – 120-145, крыло – 62-70, размах крыльев – 200-225 мм.

Сходства – отличия: от белой лазоревки отличается синеватым тоном верха и светло-желтой окраской зоба и груди.

Распространение: в Средней Азии и Казахстане населяет горные местообитания. В Туркменистане – только в горах Койтендаг.

Образ жизни: оседлая и кочующая птица. Предпочитает древесно-кустарниковые участки с наличием дуплистых деревьев, по ущельям и в садах (долины Койтендарьи). Гнезда устраивают в дуплах деревьев, расщелинах, под крышами пустых построек, поселяются и в нишах глинистых обрывов. Кладка из 6-9 белых с розовым оттенком яиц, в апреле-мае. Питается насекомыми и их гусеницами.

Статус: редкая птица, один из наиболее интересных представителей Койтендагского заповедника.

### 371. Ak asman reňkli jikjiki – *Parus cyanus* – Белая лазоревка

Meýdan alamatlary: serçeden biraz kiçi. **Kellesiniň üsti ak, çüňkinden gözüne tarap mawy zolak geçýär, arkasy çalymtyl-mawy,**

Полевые признаки: несколько меньше воробья. **Верх головы белый, полоска от клюва к глазу голубая, спина серовато-голубая,**

**ganatlary we guýrugy mawy reňkli**. Guýrugynyň gapdalaryndaky inli zolaklar, egnindäki zolaklar, garny ak ýa-da çalymtyl, döşi ak ýa-da sary gysga gara zolakly. Ýaşlary ulularyna çalymdaş, ýöne kellesi çalymtyl, üstki tarapynyň umumy reňki kirliräk-çalymtyl, käte bedeniniň aşaky tarapy sarymtyl öwüşginli. Uzynlygy – 120-145, ganaty – 62-70, ganatlarynyň gerimi – 220-225 mm.

<u>Meňzeşlikleri–tapawutlary</u>: kellesiniň akdygy, arkasynyň çaldygy, ganatlarynda we guýrugynda ak reňkleriň güýçli ösendigi, şeýle-de aşak tarapynyň akdygy bilen asman reňkli jikjikiden tapawutlanýar.

<u>Ýaýran ýerleri</u>: Ýewropa, Merkezi Aziýa, Günorta Gazagystan. Orta Aziýa daglyk ýerlere ýaýran. Türkmenistanda – diňe Köýtendagda.

<u>Ýaşaýşy</u>: oturymly we göçüp-gonýän guş. Ekilen tokaýlarda we tebigy agaç-gyrymsy agaçlaryň suw basan ýerlerdäki jeňňelliginde, şol sanda derýa boýlaryndaky köwekli agaç sütünli tokaý zolaklarynda mekan tutýar. Agaçlaryň köweklerinde, jaýrylan sütünlerinde, taşlanan jaýlaryň üçeginiň aşagynda höwürtge gurýar. Maý-iýunda 6-11 sany gülgüne öwüşginli we çypar meneklije ak ýumurtgalary goýýar. Mör-möjekleri we olaryň ýumurtgalaryny iýýär.

<u>Statusy</u>: edil sary petekeli jikjikiniňki ýaly.

**крылья и хвост голубые**. Широкие полосы по бокам хвоста, полоски на плечах, брюшко белое или сероватое, грудь белая или желтая с черной короткой полоской. Молодые похожи на взрослых, но голова сероватая, общий фон верха грязновато-сероватый, на нижней стороне тела иногда желтоватый оттенок. Длина – 120-145, крыло – 62-70, размах крыльев – 200-225 мм.

<u>Сходства – отличия</u>: от обыкновенной лазоревки отличается белой головой, серой спиной, сильным развитием белого цвета на крыльях и хвосте, а также и белым низом.

<u>Распространение</u>: Европа, Центральная Азия, Южный Казахстан. В Средней Азии населяет горные местообитания. В Туркменистане встречается только в горах Койтендаг.

<u>Образ жизни</u>: Оседлая и кочующая птица. Населяет искусственные лесопосадки и естественные пойменные древесно-кустарниковые заросли, в том числе, и по долинам рек с дуплистыми деревьями. Гнезда устраивают в дуплах деревьев, расщелинах, под крышами пустых построек. Кладка из 6-11 белых с розовым оттенком и рыжеватыми крапинками яиц, в мае-июне. Питается насекомыми и их яйцами.

<u>Статус</u>: такой же как у желтогрудой лазоревки.

### 372. Uly gögümtil jikjiki – *Parus major* – Большая синица

<u>Meýdan alamatlary</u>: **serçe ululygynda**, çalasyn hereketli guşjagaz. Depesi, ýeňsesi, boýnynyň gapdallary, bokurdagy, petekesiniň ýokarky bölegi güýçli gök metal ýalpyldyly gara. Ýaňagy ak. **Guýrugy we ganatlary mawumtyl-çal, arkasy ýaşyl**. Döşi we garny sary, böwürleri goňurrak-çal ýokundyly. Petekesiniň aşagyndan başlap, garnynyň gutarýan ýerine çenli gara zolak gidýär. Çüňki we aýaklary goýy-çal. Ýaş guşlar garamtylrak-goňur, bokurdagy we kellesi metal ýalpyldysyz. Aşaky tarapy tutuk-goňur, garnynyň aşagy zolaksyz. Sesi jaňňyrdyly “pin-pin-çeržž”. Saýraýşy – “si-pi-si-pi, in-ça-in-ça” sesli sykylyklar. Uzynlygy – 133-170, ganaty – 70.0-70.4, ganatlarynyň gerimi – 210-260, guýrugy 60.5-67.0 mm; agramy -17-21 g.

<u>Meňzeşlikleri-tapawutlary</u>: ölçeginiň uludygy we arkasynyň ýaşyldygy bilen çal jikjikiden tapawutlanýar.

<u>Ýaýran ýerleri</u>: Ýewropa, Demirgazyk-Günbatar Afrika we Aziýa. Orta Aziýada – Hazar deňziniň gündogar kenaryndan günorta Ural jülgesine çenli we demirgazyk Gazagystan (51-nji parallele çenli). Türkmenistanda – Köpetdagda.

<u>Ýaşaýşy</u>: oturumly guş. Arçalyk tokaýlarda, dagdaky derýajyklaryň saýaly agaçly jülgelerinde we ilatly ýerleriň baglyklarynda mekan tutýar. Höwürtgelän döwri diňe bir tokaý agaçlary bilen çäklenmän, adamlaryň guran desgalaryndan hem peýdalanýar. Ýylda iki gezek höwürtgeleýär. Mart-maý aýlarynda 8-10 sany köpsanly gyzylymtyl-goňur meneklije ak ýumurtgalary goýýar, ölçegleri – 13.0-14.8 x 18.5-19.1 mm. Mör-möjekleri we möýleri, seýrek ösümlikleriň tohumlaryny iýýär.

<u>Statusy</u>: az sanly, daglaryň kabir ýerlerinde adaty görnüş.

<u>Полевые признаки</u>: **величиной с воробья**, бойкая подвижная птичка. Темя, затылок, бока шеи, горла, верхняя часть зоба черные с сильным синим металлическим блеском. Щеки белые. **Хвост и крылья голубовато-серые, спина зеленая**. Грудь и брюхо желтые, буровато-серый налет на боках. **Снизу от зоба до конца брюшка идет черная полоска.** Клюв и ноги темно-серые. Молодые птицы черновато-бурые, на горле и голове нет металлического блеска. Низ беловато-бурый, срединной полосы нет. Голос – звонкое «пинь-пинь-чэржж». Песня – «ци-пи-ци-пи, инча-ин-ча», громкие свисты. Длина – 133-170, крыло – 70.0-74.4, размах крыльев – 210-260, хвост – 60.5-67 мм, вес – 17-21 г.

<u>Сходства – отличия</u>: от серой синицы отличается крупным размером и зеленой спиной.

<u>Распространение</u>: Европа, Северо-Западная Африка и Азия. В Средней Азии – от восточного побережья Каспийского моря к югу до долины Урала и северный Казахстан (до 51-й параллели). В Туркменистане – в юго-западном Копетдаге.

<u>Образ жизни</u>: оседлая птица. Населяет арчевые леса, долины горных речек с древесными насаждениями и сады в населенных пунктах. На гнездовье связаны не только с деревьями, но и с постройками человека. Гнездятся два раза в году. Полная кладка 8-10 яиц, в марте-мае. Яйца белые, с многочисленными красно-бурыми пятнышками. Размеры яиц – 13-14.8 х 18.5-19.1 мм. Питается насекомыми, пауками, редко семенами растений.

<u>Статус</u>: немногочисленный, местами обычный в горах вид.

## 373. Buhara jikjikisi – *Parus bokharensis* – Бухарская синица

Meýdan alamatlary: serçeden kiçi, örän çakgan guşjagaz. Horazynyň kellesi, bokurdagy, petekesi we garnyndaky zolak metal ýalpyldyly gara. Kellesiniň we boýnynyň gapdallary süýriräk üçburç uly ak tegmilli. **Arkasy külreňk-çal**, gara "telpejigi" bilen arkasynyň arasyndan agymtyl tegmil geçýär. Garny we bedeniniň gapdallary ak. Çüňki we aýaklary goýy-çal. Ýaş guşlar üstki tarapynyň goňurrak reňki bilen tapawutlanýar, "telpejigi" we bokurdagy goýy-goňur. Bokurdagyndaky tegmil kiçi. Sesi pessaýja we ýumşak – "pin-pin-çeržž". Saýraýşy has owazly – "si-si-si-pi, in-ça-in-ça". Ganaty – 66.0-75.0, guýrugy – 74.0-85.0 mm; agramy – 13.2 - 14.7 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: çal jikjikä bilen juda meňzeş, ondan arkasynyň külreňk-çaldygy we **bir ýerde bile ýaşamaýandygy bilen tapawutlanýar**.

Ýaýran ýerleri: Orta Aziýa we Gazagystan. Türkmenistanda – Garagumda, Üçtagangumda, Çilmammedgumda, Köpetdagyň eteklerinde, Bathyzda, derýalaryň jülgelerinde (Amyderýa Garagum, Murgap, Tejen derýalary).

Ýaşaýşy: oturymly guş. Sazak, ýylgyn, toraňňy, pisse agaçlarynyň köweklerinde höwürtgeleýär, tokaý-seýilgäh zolaklaryny we adamlaryň guran desgaly ýerlerinde mekan tutýar. Ýylda iki gezek köpelýär. Martda maýda 8-9 sany köpsanly gyzgylt-goňur meneklije ak ýumurtgalary goýýar, ölçegleri 12.5-13.5 x 16.4-17.5 mm. Mör-möjekleri, olaryň liçinkalaryny, ataýrylary, maýda möýleri we seýrek ösümlik tohumlaryny iýýär.

Statusy: Türkmenistanyň düzlikleriniň amatly ýerlerinde adaty görnüş.

Полевые признаки: подвижная птичка, размером меньше воробья. У самца голова, горло, зоб и полоса на брюхе черные с металлическим блеском. По бокам головы и шеи – большие белые овально-треугольные пятна. **Спина пепельно-серая**, на границе черной "шапочки" и спины беловатое пятно. Брюшко и бока тела белые. Клюв и ноги темно-серые. Молодые птицы отличаются буроватой окраской верха, шапочка и горло темно-бурые. Пятно на горле маленькое. Голос – тихое и мягкое «пинь-пинь-чэржж». Песня – более мелодичное «ци-ци-ци-пи, ин-ча-ин-ча». Крыло – 66-75, хвост – 74-85 мм, вес – 13.2-14.7 г.

Сходства – отличия: очень схожа с серой синицей, отличается пепельно-серой спиной, **совместно с ней не обитает**.

Распространение: Средняя Азия и Казахстан. В Туркменистане – Каракумы, Учтаганкумы, Чильмамедкумы, предгорные оазисы Копетдага, Батхыз, речные долины (Амударья, Каракумдарья, Мургаб, Теджен).

Образ жизни: оседлая птица. Гнезда строит в дуплах саксаула, тамарикса, туранги, фисташки, охотно поселяются в лесопарковых зонах и постройках человека. Кладка два раза в году. Полная кладка 8-9 яиц, в марте-мае. Яйца белые, с многочисленными красно-бурыми пятнышками. Размеры яиц – 12.5-13.5 x 16.4-17.5 мм. Питается насекомыми и их личинками, мелкими пауками и редко семенами.

Статус: в подходящих местообитаниях обычный вид на равнинах Туркменистана.

## 374. Çal jikjiki – *Parus cinereus* – Серая синица

Meýdan alamatlary: serçeden göwresi kiçi. Kellesi, bokurdagy, petekesi we garnyndaky zolak gara metal ýalpyldyly. Kellesiniň gapdallarynda ak uly tegmilleri bolýar. **Arkasy çal**, onuň öňki bölegi ýaşyl ýokundyly. **Arkasynyň we gara "telpejiginiň' arasyndan ak tegmil geçýär. Bedeniniň aşagy ak, böwürleri goňurrak-çal öwüşginli** we petekeden başlaýan gara zolak garnynyň aşagyndan tä onuň yzky bölegine çenli dowam edýär. Çüňki we aýaklary goýy-çal. Ýaş guşlar garamtylrak-goňur, bokurdagy we kellesi metal ýalpyldysyz. Aşak tarapy agymtyl-goňur we onuň ortasy zolaksyz. Sesi we saýraýşy edil uly gögümtil jikjikiniňki ýaly.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: ölçeginiň kiçidigi, agymtyl garny, arkasynyň ýelek örtüginiň çaldygy bilen uly gögümtil jikjikiden tapawutlanýar. Buhara jikjikisine örän çalymdaş, **ýöne onuň bilen bir ýerde gabat gelmeýär**.

Ýaýran ýerleri: Günorta Aziýa, Hindistan, Hindihytaý. Orta Aziýada – Köpetdagyň, Paropamiziň, Ginduguşyň we Gimalaý daglar. Türkmenistanda – Köpetdagda.

Ýaşaýşy: oturymly guş. Dagda adaty görnüş. Dagardaky derelerde, derýalaryň agaçly jülgelerinde, dagdaky obalaryň saýaly baglarynda mekan tutýar. Guşlar hoz agaçly tokaýlarda, ýarçykly gaýa eňňitleriniň badamly, gyrymsyly jeňňelliklerinde, şeýle-de daşdan örülen desgalaryň amatly ýerlerinde höwürtgeleýärler.

Полевые признаки: величиной меньше воробья. Голова, горло, зоб и полоса на брюхе черные с металлическим блеском. По бокам головы большие белые пятна. **Спина серая**, передняя часть ее имеет слабый зеленый налет. **Между спиной и черной "шапочкой" беловатые пятна**. **Низ тела белый с буровато-серым оттенком на боках** и черной полосой, идущей по середине тела от зоба до задней части брюшка. Клюв и ноги темно-серые. Молодые птицы черновато-бурые, на горле и голове нет металлического блеска. Низ беловато-бурый, срединной полосы нет. Голос и песня как у большой синицы.

Сходства – отличия: от больших синиц отличается меньшим размером, беловатым брюхом и серым опереньем спины. Очень похожа на бухарскую синицу, **но совместно с ней обычно не обитает**.

Распространение: Южная Азия, Индостан, Индокитай. В Средней Азии – горные районы Копетдага, Паропамиза, Гиндукуша и Гималаев. В Туркменистане – Копетдаг.

Образ жизни: оседлая птица. Обычно в горах. Населяет горные ущелья, речные долины с древесными насаждениями, сады в селениях в горах. Птицы гнездятся в ореховых лесах, в щелях скал с разреженными рощами миндаля и других кустарников, а также в нишах каменных строений. Гнездятся два раза в году. Полная кладка

Ýylda iki gezek nesil öndürýär. Martda maýda 6-7 sany gyzylymtyl-açyk meneklije ak ýumurtgalary goýýar. Mörmöjekleri, möýleri we ösümlikleriň tohumlaryny iýýär.

Statusy: az sanly, ýöne biziň daglarmyzda beýleki jikjikileriň arasynda adaty görnüş.

из 6-7 яиц, в марте-мае. Скорлупа белая и покрыта мелкими красновато-светлыми пятнами. Питается насекомыми, пауками и реже семенами растений.

Статус: немногочисленный, но наиболее обычный вид среди других синиц в наших горах.

### Daşdeşenler – *Sittidae* – Поползневые

Agaçlaryň we gyrymsy agaçlylaryň ösen gaýaly ýerlerinde ýa-da gum gaýalarynda ýaşaýan maýda guşlar maşgalasy. Aýaklary kelte we daýaw, uzyn barmaklarynyň dyrnaklary güýçli egmek. Çüňki göni, güýçli we beýlekilere gananyňda uzyn. Ýelek örtügi gür, mymyk. Guýrugy göni we gysga. Gaýalara ýa-da agaçlaryň sütünlerine çalasyn dyrmaşýarlar, köplenç başaşak hereket edip gezýärler. Köweklerde ýa-da gaýalaryň ýarçyklarynda we kert gum gaýalarynda höwürtgeleýärler. Höwürtgäniň girelgesini palçykdan galyň, göwresi girelgä sygar ýaly edip ýapýarlar. Iýmiti ösümlikleriň tohumlary we mör-möjekler. Dünýäde 30, Türkmenistanda 2-i görnüşi bar.

Семейство мелких птиц, обитающих в древесных насаждениях, скалистых участках или земляных обрывах. Ноги короткие и сильные с длинными пальцами и сильно изогнутыми когтями. Клюв прямой, сильный и довольно длинный. Оперение густое, пушистое. Хвост прямой короткий. Ловко лазают по скалам или стволам деревьев, часто перемещаясь вниз головой. Гнездятся в дуплах или расщелинах скал и обрывов. Вход в гнездо заделывают толстой прочной глиняной крышкой с небольшим летным отверстием. Пища – семена и насекомые. В мире около 30, в Туркменистане – 2 вида.

### 375. Uly gaýa daşdeşeni – *Sitta tephronota* – Большой скалистый поползень

Meýdan alamatlary: serçeden biraz ulurak. Bedeniniň üstki tarapy külreňk-çal. **Çüňkinden başlap gözüniň üstünden ýeňsesine gara zolak geçýär. Boýnunyň gapdallary, bokurdagy we döşiniň öňki bölegi goňur**. Kellesiniň gapdallary petekesi we döşi mesgepisint-çyparrak ýokundyly. Ganatlary we guýrugy agymtyl-poslurak-sary uçly goňurrak-goýy-çal. **Garny we böwürleri açyk, goýy-çyparrak reňkli**. Çüňki gara, uzyn, aşaky çüňkiniň düýbi agymtyl göni. Aýaklary çal reňkli. Ýaş guşlaryň üstki tarapy goňur ýokundyly, aşagy tutuk reňkli. Sesi güýçli – "prýuýuý-týuý-týuý" ýa-da "sit-sit". Saýraýşy batly sykylyklaryň toplumy. Uzynlygy – 158-174, ganaty – 80-93.5, ganatlarynyň gerimi – 263-286 mm, agramy –38 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: göwresiniň has uludygy we böwürleriniň goýy-çypar reňki, şeýle-de has ýogyn çüňki bilen beýleki daşdeşenlerden tapawutlanýar. Türkmenistanda meňzeş görnüşleri ýok.

Ýaýran ýerleri: Kiçi we Alynky Aziýa, Orta Aziýada – Pamiriň we Jungar Alatauyň gerşleri. Türkmenistanda – Uly we Kiçi Balkanyň, Köpetdagyň, Köýtendagyň aşaky we ortaky kemerleri, Bathyzyň we Garabiliň amatly ýerleri.

Ýaşaýşy: oturymly guş. Dagyň kert daşlyk we gaýaly eňňitlerinde, dag etek toýunsow baýyrlyklarynda mekan tutýar. Ýeke we jübüt bolup, daşlaryň üstünden we gaýalardan towsup, olara çalasyn dyrmaşýar. Mart-maýda gaýadaky amatly kowejikleriň biriniň agzynyň gyralaryny palçyk bilen suwap, höwürtgäniň agzyny eýlenen palçykdan tamdyrşekilli ösdürip, gapdal girelgeli höwürtge guryar. 7-9 sany gyzylymtylrak meneklije ak ýumurtgalary goýýar, ölçegleri – 21-24 x 14.8-16.2 mm. Mörmöjekleri, olaryň liçinkalaryny we ýumurtgalaryny, möýleri iýýär.

Statusy: aňsat görünýän, az sanly, käbir ýerlerde adaty görnüş.

Полевые признаки: величиной несколько крупнее воробья. Верхняя сторона тела пепельно-серая. **От клюва через глаз к затылку идет черная полоска. Бока шеи, горло и передняя часть груди бурые**. Бока головы, зоб и грудь со сливочно-рыжеватым налетом. Крылья и хвост буровато-темно-серые с бледно-ржавчато-желтыми вершинами. **Брюшко и бока тела светлые, рыжеватые**. Клюв черный длинный прямой со светлым основанием подклювья. Ноги серого цвета. У молодой птицы верх с бурым налетом, низ окрашен тусклее. Голос – громкое «прююй-тюй-тюй» или «сит-сит». Песня – набор громких свистов. Длина – 158-174, крыло – 80-93.5, размах крыльев – 263-286 мм, вес – 38 г.

Сходства – отличия: от других поползней отличается большей величиной и темно-рыжеватой окраской боков, а также более толстым клювом. В Туркменистане сходных видов нет.

Распространение: Малая и Передняя Азия, в Средней Азии – горные хребты Памира и Джунгарского Алатау. В Туркменистане – нижний и средний пояс Большого и Малого Балханов, Копетдага, Койтендага, а также в подходящих рельефных участках Бадхыза и Карабиля.

Образ жизни: оседлая птица. Населяет крутые каменистые и обрывистые склоны гор и предгорных глинистых холмистых участков. Держится в одиночку и парами на камнях и скалах, ловко лазая и прыгая по ним. Гнездится в марте-мае в щелях и ход смазывает глиной или лепит гнездо из глины в виде небольшого горшочка с боковым отверстием. Кладка из 7-9 белых с красноватыми крапинками яиц, размеры – 21-24 х 14.8-16.2 мм. Питается насекомыми и их личинками и яйцами, пауками.

Статус: заметный, немногочисленный, местами обычный вид.

### 376. Diwarguş – *Tichodroma muraria* – Стенолаз

Meýdan alamatlary: serçe ululykda. Kellesiniň üsti, arkasynyň, döşiniň we garnynyň reňki külreňk-çal. Ganatlary, guýrugy, ýaz-tomus döwründe

Полевые признаки: величиной с воробья. Окраска верха головы, спины, груди и брюшка пепельно-серая. Крылья, хвост, а в весенне-

bokurdagy gara, garny garamtyl-çal. Güýzde we gyşda bokurdagy ak. **Ganatlary inli gülgüne-gyzyl zolakly, guýrugynyň we ganatlarynyň uçlary ak tegmilli**. Çüňki inçeden uzyn. Ýaş guşlaryň bokurdagy agymtyl, kellesiniň üsti goňurrak. Aýaklary we çüňki garamtyl. Sesi pessaýja sykylyk – "siiuuu". Uzynlygy – 160-176, ganaty – 94-100, ganatlarynyň gerimi – 285-300 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: çüňki inçeden uzyn, ganatlary inli gülgüne-gyzyl zolakly.

Ýaýran ýerleri: Günbatar Ýewropanyň daglary, Alynky we Merkezi Aziýa. Orta Aziýada – daglyk ýerlerden gündogara – Jungar Alatawa çenli. Türkmenistanda – Köýtendagyň, Köpetdagyň we Uly Balkanyň tokaýly we daşly ýerleri.

Ýaşaýşy: oturymly we göçüp-gönýän guş. Dagyň ýokarky kemerli gaýalarynda ýaşaýar, gyşyna derýalaryň jülgelerine we dag eteklerine düşýär. Uçuşy haýal we sessiz. Maý-iýunda gaýalaryň ýarçyklarynda höwürtge gurýar. 3-5 sany gyzylymtyl-goňur meneklije ak ýumrtgalary goýýar, ölçegleri – 21.3 x 14.3 mm. Mör-möjekleri we olaryň liçinkalaryny iýýär.

Statusy: seýrek, amatly şertli ýerlerde adaty gus.

летний период и горло – черные, брюшко черно-серое. Осенью и зимой горло белое. **На крыльях широкая малиново-красная полоса, на концах хвоста и крыльев белые пятна**. Клюв тонкий, длинный. У молодых птиц горло беловатое, верх головы буроватый. Ноги и клюв черноватые. Голос – низкий свист «цииууу». Длина – 160-176, крыло – 94-100, размах крыльев – 285-300 мм.

Сходства – отличия: тонкий длинный клюв, широкая малиново-красная полоска на крыльях.

Распространение: горы Западной Европы, Передней и Центральной Азии. В Средней Азии – горные районы на восток – до Джунгарского Алатау. В Туркменистане – лесные и каменистые участки Койтендага, Копетдага и Большого Балкана.

Образ жизни: оседлая и кочующая птица. Населяет скалы верхнего пояса гор, зимой спускается в долины рек и предгорья. Полет слабый и тихий. Гнездо устраивает в мае-июне в расщелинах скал. Кладка из 3-5 белых с красно-бурыми пятнышками яиц, размеры – 21.3 х 14.3 мм. Питается насекомыми и их личинками.

Статус: редкая, в подходящих местах обычная птица.

## Jüýgüldekler – *Certhiidae* – Пищуховые

Diňe agaçlaryň üstünde ýaşaýan, maýda guşlar maşgalasy. Çüňki inçe, egmek. Burun deşikleri insiz, deri gasyny bilen örtülen. Aýaklary gysga, ýöne barmaklary uzyn, egmek dyrnakly, ganatlary kütek we inli. Guýrugynyň ýelekleri gaty we çeýe, uçlary çowly. Guşlar agaja dyrmaşanlaryna guýruk ýeleklerine daýanýarlar. Ýelekleri ýumşak. Gaýalaryň diwarlaryna ýa-da agaç sütünlerine aňsatlyk bilen dyrmaşýar. Gaýalaryň ýarçyklaryndan we agaçlaryň gabygynyň aşagyndan mör-möjekleri çöpläp iýmitlenýärler. Dünýäde 16 görnüş, olardan 1-i Türkmenistanda.

Семейство мелких птиц, живущих исключительно на деревьях. Клюв тонкий изогнутый. Ноздри узкие, прикрыты складкой кожи. Ноги короткие, но пальцы длинные, с изогнутыми когтями, крылья тупые и широкие. Хвост жесткий, с заостренными упругими концами перьев, на которые пищухи опираются при лазании. Оперение рыхлое. Хорошо лазают по стенам скал или по стволам деревьев. Питаются насекомыми, доставая их из трещин скал и коры. В мире 16 видов, из которых в Туркменистане – 1.

### 377. Gimalaý jüýgüldewügi – *Certhia himalayana* – Гималайская пищуха

Meýdan alamatlary: serçeden kiçi. **Bedeniniň üstki tarapy garamtyl we ýagty menekli çal. Arkasynyň we eginleriniň ýelekleri ýarymaýşekilli kese garamtyl-goňur bellikli**. Ganatlarynyň we guýrugynyň ýelekleri goňurrak kese agymtyl zolakly. Bedeniniň aşaky tarapy we gaşy agymtyl. **Çüňki uzyn, aşaklygyna egmek.** Aýaklary goňurrak. Ýaş guşlaryň bedenininň aşaky tarapy kirliräk-ak reňkli we bedeniniň üsti has alarak. Çüňki gysga we egmegi az. Sesi inçe – "tsii-tsii". Saýraýşy – gysga sesli owazlar. Ganaty – 64.5–74.2, çüňki – 16-17 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: beýlekilere garanyňda göwresiniň uludygy çüňküniň has uzyndygy bilen beýleki jüýgüldewüklerden tapawutlanýar. Görnüşleriň arasynda meňzeşi Türkmenistanda ýok.

Ýaýran ýerleri: Hytaýyň we Mýanmanyň, Gimalaý daglarynyň daglyk ýerleri. Orta Aziýada – dag tokaýlarynda. Türkmenistanda – diňe Köýtendagda.

Ýaşaýşy: uçup geçýän, höwürtgeleýän we gyşlaýan guş. Daglardaky arça tokaýlygynda ýaşaýar. Ýeke we jübut bolup gezýär. Agaçlaryň köweklerinde ýa-da özeni çüýräp ýykylan agaçlaryň ýarçyklarynda

Полевые признаки: величиной меньше воробья. **Верхняя сторона тела серая с темными и светлыми крапинками.** На спине и плечевых перьях поперечные темно-бурые полулунные отметины. Крылья и хвостовые перья буроватые с поперечными светлыми полосами. Нижняя сторона тела и бровь беловатые. **Клюв длинный, изогнутый вниз**. Ноги буроватые. У молодых птиц низ тела грязно-белого цвета, и верхняя сторона тела более пестрая. Клюв короче и менее загнут. Голос – тонкое «тсиитсии». Песня – звонкая, короткая трель. Крыло – 64.5-74.2, клюв – 16-17 мм.

Сходства – отличия: от других пищух отличается относительно крупным размером и более длинным клювом. В Туркменистане сходных видов нет.

Распространение: горные районы Китая и Мьянмы, Гималаи. В Средней Азии – в горных лесах. В Туркменистане – только Койтендаг.

Образ жизни: пролетная, гнездящаяся и зимующая птица. Населяет горные арчевые леса. Держится в одиночку и парами. Гнездится в дуплах или трещинах деревьев. Кладка 4-6 белых с красновато-

höwürtgeleýär. Maý-iýunda 4-6 sany gyzylymtyl-goňurrak menekli je ak ýumurtgalary goýýar, ölçegleri – 15.2 x 11.5 mm. Esasan, mörmöjekleri, olaryň liçinkalaryny we ýumurtgalaryny, möýleri iýýär.

Statusy: seýrek, käbir ýerlerde adaty, az öwrenilen guş, Köýtendag goraghanasynyň guşlarynyň arasynda iň täsin wekilleriniň biri.

коричневыми пятнышками яиц, в мае-июне, размеры – 15.2 х 11.5 мм. Питается, в основном, насекомыми и их личинками и яйцами, пауками.

Статус: редкая, местами обычная, слабоизученная птица, один из интересных представителей птиц Койтендагского заповедника.

## Serçeler – *Passeridae* – Воробьиные

Maýda ölçegli guşlar maşgalasy. Çüňki pahnaşekilli we şähelçe uzalan, ýognasyrak, mysal üçin, serçelerde we daş serçelerinde biraz ýasyrak. Ganatlary gysga, tegelenen. Guýrugy beýlekilere garanyňda uzyn, göni ýa-da azajyk tegelenen, kähalatlarda kiçiräk oýuk. Aýaklary orta ölçeglerde, dyrnaklary sähelçe egmek. Ýelek örtüginiň reňki köplenç goňurrak ýa-da çal. Görnüşleriniň horazlary mäkiýanlaryndan açyk reňkli. Uçuşy gowşak, diňe gysga aralyga. Ýerde towsup hereket edýär. Düzlik ýerlerde, daglarda, çöllerde we antropogen landşaftlarda ýaşaýarlar. Görnüşleriniň köpüsi hakyky sinantrop – adamlaryň ýaşaýan ýerlerinde mekan tutýarlar. Höwürtgeleri buky ýerde, agaçlaryň, gyrymsylaryň üstünde, köweklerde we dürli desgalaryň üçekleriniň aşagynda. Süri we jübut bolup höwürtgeleýärler. Aglabasy oturymly ýaşaýar. Uzak bolmadyk aralyga we göçüp-goni uçup gezýärler. Köpelýän döwründen soň süri bolup gezýärler. Köplenç ösümlikleriň tohumlary, miweleri, ýazyna mör-möjekleri iýýärler. Türkmenistanda serçeler urugyndan (*Passer*) 8 görnüş.

Семейство птиц мелких размеров. Клюв конической формы и немного удлиненный, вздутый, к примеру, у воробьев, и немного приплюснутый у каменных воробьев. Крылья короткие, закругленные. Хвост относительно длинный, прямой или слегка закругленный, нередко с небольшой выемкой. Ноги средних размеров, когти слабо изогнутые. Окраска оперения чаще буроватая или серая. У большинства видов самцы окрашены ярче самок. Летают плохо, на короткие расстояния. По земле передвигаются прыжками. Населяют равнины, горы, пустыни и сельскохозяйственные ландшафты. Многие виды являются типичными синантропами. Гнезда в укрытиях, на деревьях, кустарниках, в дуплах и под крышами домов. Гнездятся колониями и парами. Большинство оседлы. Совершают небольшие перелеты и кочевки. После периода размножения держатся стаями. Питаются, преимущественно, растительной пищей, весной насекомыми. В Туркменистане – 8 видов из рода воробьев (*Passer*).



## 378. Öý serçesi – *Passer domesticus* – Домовый воробей

Meýdan alamatlary: edil beýleki serçeler ýaly, guýrugy we ganatlary gysga, beden gurluşy dykyz. Hindi serçesinden biraz ulurak ölçegli, çüňki azajyk deşliräk, emma ýelek örtüginiň umumy reňki has öçügsi. **Horazynyň "telpejigi", ýaňaklary we boýnynyň gapdallary çal**. Bokurdagy we petekesi teňňe nagyşly gara. Bedeniniň üstki tarapy gara bellikli goňur, **garny – çalymtylak, böwürleri garamtylrak. Bili we guýrugynyň üsti goňurrakçal.** Mäkiýany ýönekeý, ýelek örtügi **birmeňzeş goňurrak-çalymtyl reňkli**. Çüňki gyşyna goňurrakgara we ýazyna benewşeräk-gara. Aýaklary goňur. Sesi gaty "džiw-džiw". Saýraýşy – jürküldeme. Ganaty – 69-83, guýrugy 53-65, söbügi – 18.5-20, çüňki – 9.4-12 mm, agramy – 28-37 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: **horazlary ýaňaklarynyň açyk reňki bilen** hindi we garadöş serçeleriň horazlaryna **meňzeş**, emma öý serçesiniň hindi we garadöş serçeleriňki ýaly **ýaňaklarynyň reňki öçügsi we arassa ak däl,** ondan daşary garadöş serçesiniň "telpejigi" çal däl-de goňur, ýaz-tomus döwründe olaryň döşünde gara menekler peýda bolýar. Meýdanda bu üç görnüşiň mäkiýanlary birmeňzeş, olary biri-birlerinden tapawutlandyrmak juda kyn. Hazarýakalarynda, aýratyn-da ýaz-tomus döwründe öý serçesini hindi serçesi bilen çalyşdyrmak mümkin.

Ýaýran ýerleri: giň – Ýewraziýanyň demirgazyk-gundogar we günorta-gündogar çäklerinden beýleki ýerlerinde, Demirgazyk Afrika, Amerikada, Awstraliýada we Günorta

Полевые признаки: как и другие воробьи плотного телосложения со сравнительно коротким хвостом и крыльями. Размером несколько крупнее индийского воробья, клюв чуть массивнее, но общая тональность окраски оперения более тусклая. **У самца «шапочка», щеки и бока шеи серые**. Горло и зоб черные с чешуйчатым рисунком. Верхняя сторона тела коричневая с черными отметинами, **брюшная – серовато-белая, темнеющая на боках. Поясница и надхвостье буровато-серые**. Самки окрашены проще и имеют **однородное буро-сероватое оперение**. Клюв буровато-черный зимой и сиренево-черный весной. Ноги бурые. Голос – громкое «джив-джив». Песня – чириканье. Крыло – 69-83, хвост – 53-65, цевка – 18.5-20, клюв – 9.4-12 мм, вес 28-37 г.

Сходства – отличия: **самцы схожи** своими **светлыми щеками** с самцами испанского и индийского воробьев, но у домового **щеки менее яркие и не чисто белые** как у индийского и у испанского, у последнего, к тому же, «шапочка» не серая, а коричневая, а в весенне-летний период добавляются еще черные пестрины на груди. Еще больше схожи и почти не различимы в природе самки этих трех видов. В прикаспийских районах, особенно в весенне-летнее время, домового воробья можно спутать с индийским.

Распространение: широкое – Евразия, за исключением северо-восточных и юго-восточных об-

Afrikada uýgunlaşdyrylan - akklimatizirlenen. Türkmenistanda – günorta-günbatar we günbatar etraplary.

Ýaşaýşy: oturymly guş. Adamlaryň özleşdiren ýerlerinde mesgen tutýar, ilatly nokatlara ýakynlaşmagy halaýar. Adatça topar bolup gezýär, güýz-gyş döwründe has uly sürülere toplanýar. Adamyň ýaşaýan ýerlerinden uzakda bolmadyk ýerlerde kiçiräk koloniýa bolup, ýaşalýan jaýlaryň we beýleki desgalaryň üçeklerinde höwürtgeleýär, ýöne saýaly baglarda we beýleki emeli döredilen seýilgählerde hindi ýa-da garadöş serçeleri bilen bilelikde toparlary döretmekleri hem mümkin. Köpelmäge ir fewralyň soňunda, martda girişýär. 5-6 sany goňur meneklije ak ýa-da çal reňkli ýumurtgalary goýýar. Maý-iýulda ýaş guşlar ýetişýär. Mörmöjekler we ösümlikleriň tohumlaryny, miwelerini iýýär.

Statusy: oňat tanalýan, sany boýunça adaty, sinantrop görnüş.

ластей, Северная Африка, акклиматизирован в Америке, Австралии и Южной Африке. В Туркменистане – юго-западные и западные районы.

Образ жизни: оседлая птица. Населяет антропогенные местообитания, тяготеет к населенным пунктам. Держатся обычно в группах, в осенне-зимнее время собираются в более крупные стаи. Гнездятся небольшими колониями неподалеку от человеческого жилья, как правило, под крышами жилых и иных строений, однако, могут устраивать колонии совместно с индийскими или испанскими воробьями в садах и других участках искусственных насаждений. К размножению приступают рано – с конца февраля, в марте. Кладка из 5-6 яиц белого или сероватого цвета с бурыми пятнами. Молодые – в мае-июле. Питаются насекомыми и растительной пищей.

Статус: хорошо известный, обычный по численности, синантропный вид.

### 379. Hindi serçesi – *Passer indicus* – Индийский воробей

Meýdan alamatlary: öý serçesine örän çalymdaş, ýöne biraz gelşikli. **Horazynyň "telpejigi" çal, emma ýaňaklary we boýnynyň gapdallary ak**. Bokurdagy we petekesi teňňe nagyşly gara. Bedeniniň üstki tarapy gara menekli goňur, garny çalymtyl-ak, böwürleri garamtylrak. **Bili we guýrugynyň üsti goňurrak-çal**. Ýelek örtüginiň reňki öý serçesi bilen deňeşdirlende has anyk. Mäkiýanynyň öçügsi we ýelek örtüginiň **birmeňzeş goňurrak-çalymtyl reňki** bolýar. Sesi edil öý serçäniňki ýaly. Ganaty – 70-81,

Полевые признаки: очень похож на домового воробья, но чуть стройнее. **У самца также серая «шапочка», но щеки и бока шеи белые**. Горло и зоб черные с чешуйчатым рисунком. Верхняя сторона коричневая с черными отметинами, брюшная – серовато-белая, темнеющая на боках. **Поясница и надхвостье буровато-серые**. По сравнению с домовым воробьем окраска оперения более четкая. Самки тусклее и имеют **однородное буро-сероватое оперение**. Голос – как у домового воробья.



guýrugy – 51-62, söbügi – 18-19, çüňki – 9-11 mm, agramy - 23-26 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: **horazlary ýaňaklarynyň açyk reňki bilen**, garadöş we öý serçeleriň horazlaryna **meňzeş**, ýöne hindi serçäniň **ýaňagy – açyk we ýagty**, edil garadöş serçäniňki ýaly, onuň öz gezeginde kellesiniň üsti çal däl-de goňur; şeýle hem ýaz-tomus döwründe döşi gara menekler bilen örtülýär. Bu birmeňzeşlik, tebigatda üç görnüşiň mäkiýanlarynyň tapawudyny bulaşdyrýar. Günorta-günbatar we günbatar hazarýaka raýonlarda, aýratyn-da ýaz-tomus wagtlary, hindi seçesini öý serçesi bilen çalşyrmak mümkin.

Ýaýran ýerleri: tutuş Hindistan, Seýlon, Alynky we Orta Aziýa, Günorta Gazagystan. Türkmenistanda ýaz we tomus aýlary hemme ýerlerde gabat gelýär. Gyşlaýan ýerleri – Alynky Aziýa we Demirgazyk-Günbatar Hindistan.

Yaşaýşy: uçup geçýän, höwürtgeleýän guş, Türkmenistanyň günortasynda az sanda gyşlaýar. Ýazky migrasiýasy mart-aprelde, güýzkisi – awgust-sentýabrda. Dürli landşaftlary eýeleýär, ýöne ýaşalýan ilatly nokatlardan gaça saklanyp, antropogen landşaftlara golaý durýar. Süri bolup gezýär. Aprel-maýda köpelýär. Kiçiräk koloniýa, seýrek jübüt bolup, käte garadöş serçeleri bilen bile höwürtgeleýär. Höwürtgesi ýarymşar we süýri görnüşde, tokaý zolagyny, saýaly baglarda, agaçlarda, gum gaýalarynyň jaýryklarynda, taşlanan gurluşyk desgalarynda, derýalaryň kert kenaryndaky hinlerde, guýularyň diwarlarynda we ýyrtyjy guşlaryň höwürtgesiniň aşagynda höwürtgelerini gurýarlar. 5-6, seýrek 8 sany

Крыло – 70-81, хвост – 51-62, цевка – 18-19, клюв – 9-11 мм, вес – 23-26 г.

Сходства – отличия: **самцы схожи** своими **светлыми щеками** с самцами испанского и домового воробьев, но у индийского **щеки – светлые и яркие**, как у испанского, у которого, в свою очередь, голова сверху не серая, а коричневая, а в весенне-летний период у него добавляются еще и черные пестрины на груди. Еще более схожи и в природе почти не различимы самки этих трех видов. В юго-западных и западных прикаспийских районах, особенно в весенне-летнее время, индийский воробей может быть спутан с домовым.

Распространение: весь Индостан, Цейлон, Передняя и Средняя Азия, Южный Казахстан. В Туркменистане весной и летом встречается повсеместно. Область зимовки – Передняя Азия и Северо-Западный Индостан.

Образ жизни: пролетная, гнездящаяся птица, на юге Туркменистана в небольшом числе зимует. Весенняя миграция в марте-апреле, осенняя – в августе-сентябре. Населяет различные ландшафты, но тяготеет к антропогенным, избегая при этом населенные пункты. Держатся стайками. Размножение в апреле-мае. Гнездятся небольшими колониями, редко парами, порой совместно с испанскими воробьями. Гнезда полушаровидной и овальной формы, устраивают на деревьях в лесополосах и садах, в расщелинах обрывов, брошенных строениях, в норах береговых обрывов, в стенках колодцев и гнезд хищных птиц. В кладке 5-6, редко

goňur meneklije tutuk-ak ýa-da çalymtyl-mawy ýumurtgalary goýýar, ölçegleri – 21.2 x 14.8 mm. Ýylda iki gezek ýumurtgalaýar. Maý-iýunda jüýjeleri çykýar. Medeni ösümlukleriň dänelerini, bakja ekinleniň we haşal otlaryň tohumlaryny iýýar, jüýjelerini, esasan, mör-möjekler bilen iýmitlendirýär.

Statusy: oňat tanalýan, adaty, käbir ýerlerde köpsanly ýa-da bölekleýin ýaýran örän köpsanly guş.

до 8, матово-белых или серовато-голубых с бурыми крапинками яиц, размеры – 21.2 x 14.8 мм. В году две кладки. Птенцы – в мае-июне. Питаются растительным кормом – зерновыми, огородными культурами и семенами сорняков, а птенцы выкармливаются, в основном, насекомыми.

Статус: хорошо известная, обычная, а местами многочисленная или очень многочисленная птица с неравномерным распространением.

### 380. Garadöş serçe – *Passer hispaniolensis* – Испанский воробей

Meýdan alamatlary: öý seçesiniň ölçeginde, çüňki uzalan, ganatlary gysga. Guýrugy sähelçe oýuk. Gaşy, ýaňaklary we gulak örtügi ak. **Horazynyň kellesiniň üsti we boýnynyň yzky bölegi goňrasyrak-goňur. Arkasy ýagty insiz jähekli gara. Bili we guýrugynyň üsti goňur**. Ganatlary ak kese zolakly goýy-goňur. Guýrugynyň ýelekleri insiz ýagty jähekli goýy-goňur. **Bedeniniň böwürleri dik uly menekli. Petekesi, bokurdagy we döşi, aýratyn-da ýaz-tomus döwürleri gara**. Mäkiýany garamtyl menekli çalymtyl-goňurrak reňkde. Onuň garyn tarapy goňur menekli kirliräk-agymtyl-çyparrak reňkli. Ýaşlary mäkiýanyna meňzeş, ýöne has kirliräk-goňur öwüşginde. Çüňki gara, aýaklary goýy-goňur. Sesi pert –“džiw-džiw”. Saýraýşy – jürküldeme. Ganaty – 72-83, guýrugy – 53-61, söbügi – 19-20, çüňki – 11-12 mm, agramy – 27-29 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: **horazynyň bokurdagyndaky gara tegmiliň döşine we böwürlerine tarap**, aýratyn-da ýaz-tomus döwründe **giňeýändigi** bilen beýleki seçelerden tapawutlanýar. **Arkasy ýagty jäheklenen gara**. Ýaňaklary edil hindi serçäniňki ýaly ak we öý serçäniňkiden has açyk reňkli. Arkasy we döşi bu iki görnüşden tapawutlylykda gara, “telpejigi” boýnýakasy bilen goňur. Meýdan serçesinden goňur telpejiginiň bardygy, ak ýaňagynda garamtyl tegmiliň ýokdygy bilen tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Günorta-Gündagar Ýewropa, Kiçi, Alynky we Orta Aziýa. Türkmenistanda – Etregiň aşaky akymy, Günbatar Uzboý, Köpetdagyň etekleri, Tejen, Murgap, Garagum derýalarynyň we Amyderýanyň jülgeleri, Garagumda uçup geçýän wagty duşmagy mümkin. Gyşlaýan ýerleri – Ýewropanyň günorta-günbatar we Afrikanyň demirgazyk-gündogar çetleri, Ýakyn Gündogar, Alynky Aziýa we Orta Aziýanyň günorta-günbatary hem-de Hinistan demitgazyk-günbatary.

Ýaşaýşy: uçup geçýän, höwürtgeleýän we gyşlaýan guş. Süri, käte has uly süri bolup gezýärler. Esasan oazislerde we derýalaryň jülgelerinde, kölleriň, howdanlaryň we kanallaryň kenaryndaky gamyşlyk jeňňeliklerde mesgen tutýar. Topar bolup, käte meýdan goragy üçin ekilen saýaly baglarda, ýol ýaka zolaklarda we ýylgynly jeňňeliklerde hindi serçesi bilen bilelikde höwürtge gurýar. Höwürtgesi togolak şar şekilli, edil hindi serçäniňki ýaly. Maý-iýulda 6-8 sany çalymtyl meneklije agymtyl-mawy ýumurtgalary goýýar. Iýun-iýulda jüýjeleýär. Ösümlikleriň dänelerini we miwelerini, şeýle-de

Полевые признаки: размером с домового воробья, клюв удлиненный, крылья короткие. Хвост слегка выемчатый. Брови, щеки и кроющие уха белые. **У самца верх головы и задняя часть шеи каштаново-коричневые. Спина черная с узкими светлыми окаймлениями. Поясница и надхвостье бурые**. Крылья темно-бурые с белой поперечной полосой. Перья хвоста темно-бурые с узкими светлыми каймами. **По бокам тела крупные продольные пестрины. Зоб, горло и грудь черные, особенно в весенне-летний период**. Самка окрашена в серо-буроватый цвет с темными пестринами. Брюшная сторона у нее грязно-беловато-рыжеватого цвета с буроватыми пестринами. Молодые похожи на самку, но более грязновато-бурого тона. Клюв черный, ноги темно-бурые. Голос – резкое «джив-джив». Песня – чириканье. Крыло – 72-83, хвост – 53-61, цевка – 19-20, клюв – 11-12 мм, вес 27-29 г.

Сходства – отличия: в отличие от других воробьев у самца **черное пятно на горле расширяется на грудь и бока**, особенно в весенне-летнее время. **Спина черная со светлыми окаймлениями**. Щеки почти белые, как у индийского воробья, и более светлые, чем у домового. В отличие от этих двух видов спина и грудь черные, а шапочка с зашейком коричневые. В отличие от полевого воробья, имеющего также коричневую шапочку, на белых щеках отсутствует темное пятно.

Распространение: Юго-Восточная Европа, Малая, Передняя и Средняя Азия. В Туркменистане – низовья Этрека, Западный Узбой, предгорья Копетдага, долины Теджена, Мургаба, Каракумдарьи и Амударьи, на пролете может быть встречен и в Каракумах. Область зимовки – на крайнем юго-западе Европы и северо-востоке Африки, на Ближнем Востоке, в Передней и на юго-западе Средней Азии и северо-западе Индостана.

Образ жизни: пролетная, гнездящаяся и зимующая птица. Держится стаями, порой большими. Населяет, в основном, оазисы и речные долины, камышовые заросли по берегам озер, водохранилищ и каналов. Гнездятся плотными колониями, устраивая гнезда иногда совместно с индийскими воробьями в полезащитных и придорожных полосах, зарослях гребенщика. Гнезда, как у индийских воробьев, шаровидной формы. Кладка до 6-8 бело-голубых с серыми пятнами яиц, в мае-июле. Птенцы – в июне-июле. Питаются семенами и ягода-

mör-möjekleri iýýär.

Statusy: bölekleýin ýaýrawly, az sanly, ýaz-tomus aýlary käbir ýerlerde adaty, ýöne güýz-gyş döwründe köp sanly guş.

ми, а также насекомыми.

Статус: птица с неравномерным распространением, немногочисленная, местами обычная в весенне-летнее, но многочисленная в осенне-зимнее время.

## 381. Sazak serçesi – *Passer ammodendri* – Саксаульный воробей

Meýdan alamatlary: garadöş serçäniň ölçeginde. Çüňki uzalan, ganatlary gysga. **Kellesiniň üsti, boýnunyň yzky tarapy we gözüniň üstünden geçýän zolak gara. Kellesiniň gapdallary inli çyparrak-gonur zolakly**. Ýaňaklary ýukajyk çypar ýokundyly açyk-çal reňkli. **Arkasy we bili çyparrak dik gara menekli**. Ganatlary we guýrugy has ýagty insiz jähekli goňur. **Bokurdagynda we petekesinde anyk gara tegmili bolýar**. Garyn tarapy goňur ýokundyly ak, böwürleri biraz garamtylrak. Mäkiýanynyň reňki çagepisint-çal, arkasy garamtyl menekli. Gaşlary we garyn tarapy agymtyl-çyparrak. Kellesi we boýny gara reňksiz, bokurdagy ýuka gara ýokundyly. Ýaş guşlar mäkiýana çalymdaş, emma gara menekleri aýdyň tapawutlanmaýar. Çüňki tomsuna gara, gyşyna goňur. Aýaklary goňur. Ganaty – 70-81, guýrugy – 60-71, söbügi – 18-20, çüňki – 8-10 mm, agramy – 25-28 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: **kellesiniň üstüniň garadygy, böwürlerinde çyparrak-goňurrak zolagyň çäklidigi** bilen beýleki serçelerden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Orta we Merkezi Aziýanyň çölleri. Türkmenistanda – Merkezi Garagum pesliginde we Gündogar Garagumda.

Ýaýaýşy: oturymly guş, gyş

Полевые признаки: размером с испанского воробья. Клюв удлиненный, крылья короткие. **Голова сверху, задняя сторона шеи и полоса, идущая через глаз, черные. По бокам головы широкие рыжевато-коричневые полосы**. Щеки светло-серые с легким рыжеватым налетом. **Спина и поясница рыжеватые с черными продольными пестринами**. Крылья и хвост бурые с более светлыми узкими окаймлениями. **На горле и зобе четкое черное пятно**. Брюшная сторона белая с бурым налетом, несколько темнее на боках. У самки окраска песочно-серая с темными пестринами на спине. Брови и брюшная сторона беловато-рыжеватые. На голове и на шее черный цвет отсутствует, а на горле легкий черный налет. Молодые похожи на самку, но темные пестрины выражены слабее. Клюв черный летом, бурый зимой. Ноги бурые. Крыло – 70-81, хвост – 60-71, цевка – 18-20, клюв – 8-10 мм, вес – 25-28 г.

Сходства – отличия: в отличие от других воробьев **верх головы черный, ограниченный по бокам рыжевато-коричневатой полосой**.

Распространение: пустыни Средней и Центральной Азии. В Туркменистане – в Центральных низменных и Восточных Караку-



döwründe ýerli göçüp-gonup uçup geçirýär. Sazaklykda we gyrymsy ösümlikleriň oňat ösen çägeliklerinde ýaşaýar. Gyşyna käte oazisleriň çetlerine aralaşýar. Köpelýän döwri jübüt, galan wagty bolsa, kiçiräk süri bolup gezýär. Maý aýynda höwürtgeleýär. 5-6, seýrek 7 sany goňur meneklije öçügsi-ak ýa-da çalymtyl-mawy ýumurtgalary goýýar, ölçegleri – 19-22 x 13-15 mm. Ýylda iki gezek ýumurtgalaýar. Maý-iýunda jüýjeleýär. Esasan, çöl ösümlikleriň tohumlaryny, şeýle-de ýazyna mör-möjekleri – tomzaklary, göniganatlylary, olaryň liçinkalaryny çokýar.

Statusy: adaty, gyş döwründe käbir ýerlerde köpsanly guş.

мах.

Образ жизни: оседлая птица, совершающая местные кочевки в зимнее время. Обитает в саксаульниках и песках с хорошо развитой кустарниковой растительностью. Иногда зимой по окраинам оазисов. В период размножения держится парами, в остальное время в небольших стаях. Гнездится в мае. В кладке 5-6, изредка 7, матово-белых или серовато-голубых с бурыми крапинами яиц, размеры – 19-22 х 13-15 мм. В году две кладки. Птенцы – в мае-июне. Питаются, в основном, семенами пустынных растений, весной также насекомыми – жуками, прямокрылыми, гусеницами.

Статус: обычная, местами в зимний период многочисленная птица.

## 382. Meýdan serçesi – *Passer montanus* – Полевой воробей

Meýdan alamatlary: öý, hindi we garadöş serçelerden kiçiräk. Çüňki çala uzalan, ganatlary gysga. **Kellesiniň üsti we boýnunyň yzy öçügsi-goňurrak. Ýaňaklary we boýnunyň gapdallary gara süýrigilt tegmilli ak. Bokurdagy gara**. Bedeniniň üsti garamtyl menekli goňurrak, döşi we böwürleri agymtyl öwüşginli. Mäkiýany horazyna meňzeş, ýaşlarynyňky öçügsi reňkli. Çüňki tomsuna gara, gyşyna sarymtyl düýpli. Aýaklary açyk-goňur. Sesi – “çir-çirr”. Ganaty – 65-74, guýrugy – 48-59, söbügi – 16-18, çüňki – 8-11 mm, agramy – 22-29 g

Meňzeşlikleri-tapawutlary: agymtyl **ýaňaklaryna gara tegmilleriň häsiýetlidigi** bilen beýleki serçelerden tapawutlanýar.

Полевые признаки: мельче домового, индийского и испанского воробьев. Клюв слегка удлиненный, крылья короткие. **Верх головы и зашеек тускло-коричневые. Щеки и бока шеи белые с овальными черными пятнами. Горло черное**. Верх тела буроватый с темными отметинами, грудь и бока с бежевым оттенком. Самка окрашена одинаково с самцом, молодые тусклее. Клюв летом черный, зимой с желтоватым основанием. Ноги светло-бурые. Голос – «чир-чирр». Крыло – 65-74, хвост – 48-59, цевка – 16-18, клюв – 8-11 мм, вес – 22-29 г.

Сходства – отличия: от других воробьев отличается светлыми **щеками с характерными черными**

Ýaýran ýerleri: Ýewropanyň demirgazyk-gündogar we günorta-günbatar sebitlerinden başga hemme ýerlerinde diýen ýaly. Demirgazyk Amerikada we Awstraliýada uýgunlaşdyrylan - akklimatizirlenen. Orta Aziýanyň we Türkmenistanyň ähli ýerlerinde duşýar.

Ýaşaýşy: oturymly guş. Oazislerde, antropogen landşaftlarda gabat gelýär, şäherlerde, obalarda adamlaryň ýaşaýan ýerlerinde, mal ýataklarynda we hojalyk desgalalarynda mekan tutýar. Mart-awgustda jübütleşýär we kiçiräk topar bolup höwürtgeleýär. Ýylda 3-4 gezek ýumurtgalaýar. Köplenç ýapyk ýerde, ýaşalýan jaýlaryň üçeginiň aşagynda we beýleki desgalarda, köweklerde höwürtge gurýar. Adatça, 5-6 sany garamtyl meneklije tutuk-ak ýa-da çalymtylrak ýumurtgalary goýýar. Esasan, ösümlikleriň ýaşajyk pudajyklaryny we dänelerini, otlaryň, bakja we miweli ösümlikleriň ösüntgilerini, haşal otlaryň tohumlaryny, şeýle-de dürli mör-möjekleri çokýar.

Statusy: adaty, käýerlerde köpsanly, hemmä tanyş, bölekleýin ýaýran, Türkmenistanda sinantrop görnüş.

**пятнами**.

Распространение: почти вся Евразия, за исключением северо-восточных и юго-западных областей. Акклиматизирован в Северной Америке и Австралии. В Средней Азии и в Туркменистане распространен очень широко.

Образ жизни: оседлая птица. Обитает в оазисах, антропогенных ландшафтах, всюду тяготеет к городам, поселкам и другим поселениям человека, скотным дворам и хозяйственным постройкам. Гнездится в марте-августе парами и небольшими колониями. В году 3-4 кладки. Гнезда чаще закрытые, под крышами жилых домов, в других сооружениях человека, дуплах. В кладке обычно 5-6 матово-белых или сероватых с темными крапинками яиц. Птенцы – в мае-августе. Питаются растительным кормом – побегами и всходами зерновых, трав, огородно-садовых культур, семенами сорняков, а также различными насекомыми.

Статус: обычная, местами многочисленная, хорошо знакомая всем птица с неравномерным распространением, у нас синантропный вид.

### 383. Çöl serçesi – *Passer simplex* – Пустынный воробей

Meýdan alamatlary: çüňki biraz uzalan, ganatlary gysga, hindi serçesinden kiçi. **Gözüniň töweregindäki halka, gözüniň yzyndaky zolak we bokurdagy gara. Kellesiniň üsti we arkasy açyk-çal**. Guýrugynyň üsti çypar ýokundyly. Ganatlary we guýrugy goňur ýa-da ýagty jähekli garamtyl-goňur. **Ýaňaklary, kellesiniň gapdallary we garyn tarapy ak, döşi çalymtyl ýokundyly**. Mäkiýany horazyna çalymdaş, ýöne gözüniň yzyndaky zolak we bokurdagyndaky tegmil kiçi ölçeglerde we goňurrak öwüşginli. Ýelek örtügi, aýratyn-da döşüniňki we böwürleriniňki ýukajyk çypar öwüşginli. Ýaşlary mäkiýana çalymdaş, ýöne olaryň kirliräk-goňur öwüşgini bolýar. Çüňki gara, aýaklary goýy-goňur. Sesi serçeleriň beýleki görnüşlerinden güýçli tapawutlanýar we gysga saýramadan durýar. Ganaty – 62-72, guýrugy – 48-60, söbügi – 16-18, çüňki – 8-11 mm, agramy – 22 - 29 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: ýelek örtüginiň açyk reňkli bilen beýleki serçelerden tapawutlanýar. **Arkasy birmeňzeş reňkli, açyk-çal**.

Ýaýran ýerleri: Demirgazyk we Gündogar Afrika, Alynky Aziýa, Gündogar Eýran, Orta Aziýanyň çöllükleri. Türkmenistanda Gündogar we Merkezi Garagumda.

Ýaşaýşy: oturymly guş, güýzüne we gyşyna göçüp-gonup gezýär. Aklaň çägeli we seýrek gyrymsyly ýarymberkän çägeliklerde ýaşaýar. Aprelde höwürtgeleýär. Sözen agajynda, gandymda, sazakda, çerkezde, käte çopanlaryň çatmalarynda, - kümelerinde, palçykdan gurlan kepbeleriň üçeginde, ýyrtyjy guşlaryň ýa-da çöl garganyň höwürtgeleriniň diwarlarynda höwürtge gurýar. Höwürtgesi şar ýa-da ýarymşar şekilli görnüşde bolup, onuň aşagragy ýa-da böwründen sýürelip ep-esli uzaýan girelgeli bolýar. Ýylda iki gezek köpelýär. 3-8 sany melemtilräk-goňur we kütek ujynda toplanan çalymtyl-syýareňk menekli agymtyl-çal ýumurtgalary goýýar, ölçegleri – 19.21 x 13.46 mm.

Полевые признаки: мельче индийского воробья, клюв несколько удлинен, крылья короткие. **Кольцо вокруг глаза, полоса за глазом и горло черные. Верх головы и спина светло-серые**. Надхвостье с легким рыжеватым налетом. Крылья и хвост бурые или черно-бурые со светлыми каймами. **Щеки, бока головы и брюшная сторона белые с сероватым налетом на груди**. Самка похожа на самца, но полоса за глазом и пятно на горле меньших размеров и буроватого оттенка. В оперении, в особенности на груди и боках, легкий рыжеватый оттенок. Молодые похожи на самку, но имеют грязновато-бурый оттенок. Клюв черный, ноги темно-бурые. Голос сильно отличается от других видов воробьев и напоминает короткую трель. Крыло – 62-72, хвост – 48-60, цевка – 16-18, клюв - 8-11 мм, вес – 22-29 г.

Сходства – отличия: от других воробьев отличается светлой окраской оперения. **Спина одноцветная, светло-серая**.

Распространение: Северная и Восточная Африка, Передняя Азия, Восточный Иран, пустыни Средней Азии. В Туркменистане – Восточные и Центральные Каракумы.

Образ жизни: оседлая птица, совершающая осенние и зимние кочевки. Обитает в барханных и полузакрепленных песках с разреженными кустарниками. Гнездится в апреле. Гнезда устраивает на песчаной акации, кандыме, саксауле, черкезе, порой в стенках чабанских шалашов, под крышей глинобитных построек, в стенках гнезд хищных птиц или пустынного ворона. Гнездо шарообразное или полушаровидное с узким входным отверстием внизу или сбоку. Размножается дважды в году. В кладке 3-8 яиц беловато-серых с буровато-коричневыми и серо-фиолетовыми пятнами, сконцентрированными на тупом конце. Размеры яиц – 19.21 х 13.46 мм. Птенцы – в мае. Питаются

Maý aýynda jüýjeleýär. Mör-möjekleri we otjumak ösümlikleriň dänelerni çokýar.

Satusy: seýrek, Türkmenistanyň Gyzyl ktabyna girizilen görnüs, Repetek we Bereketli Garagum goraghanasynyň iň täsin guşlarynyň biri.

насекомыми и семенами травянистых растений.

Статус: редкий вид, занесен в Красную книгу Туркменистана, один из наиболее интересных представителей Репетекского и Берекетли Каракумского заповедников.

### 384. Daş serçesi – *Petronia petronia* – Каменный воробей

Meýdan alamaty: çüňki başgalara garanyňda has daýaw, guýrugy biraz gysgarak hem göniräk, hindi ýa-da öý serçesi ölçegli, ýöne ulurak we deşliräk. **Kellesiniň gapdaly - her tarapy inli goňur zolakly**. Depesi, ýeňsesi we gaşlary çalymtyl-goňur. Ýaňaklary goňur. Bokurdagy açyk-goňur, **petekesi açyk-sary tegmilli**. Garyn tarapy çyparrak-goňur menekli goňurrak-agymtyl. **Guýrugynyň ujy ak tegmilli**. Ganatlary goýy-goňur, ýaş guşlaryň ýelekleri ýagty jähekli. Ýaşlary ulularyna çalymdaş, ýöne petekesi sary meneksiz. Çüňki açyk-goňur, aýaklary goňur. Ýerde towsup dälde, ylgap ýöreýär. Sesi gysga – "wýui" we çasly – "tii-týurrrr", şeýle-de mylaýym jürküldemeler. Ganaty – 86-101, guýrugy – 47-59, söbügi – 17-18, çüňki – 10-15 mm, agramy – 30-36 g

Meňzeşlikleri-tapawutlary: **arkasyň we garyn tarapynyň gowy saýgardýan gara menekleri, petekesiniň ýagty-sary tegmilleri** bilen beýleki serçelerden tapawutlanýar. Mäkiýanlary öý ýa-da hindi serçesilerine meňzeş, ýöne olary kellesindäki gara zolaklary tapawutlandyrýar.

Ýaýran ýerleri: Günorta Ýewropa, Demirgazyk-Günbatar Afrika, Kiçi, Alynky, Orta we Merkezi Aziýa. Türkmenistanda ähli daglyk ýerlerde, Garabogazyň demirgazyk-günbataryndan başlap, ýurduň günorta-gündogaryndaky Köýtendagda gutarýar.

Ýaşaýşy: oturymly, dikligine göçüp-gonma uçuşlary alyp barýar. Daglyk ýerlerde gaýaly, dag etek beýikli-pesliklerde, uçut we çüňkli gaýalarda, beýik depeli baýyrlyklarda ýaşaýar. Jübüt, güýzine süri bolup gezýär. Ýylda iki gezek, aprel-maýda höwürtgeleýär. Höwürtgesi şar şekilli. Ony ýekelikde we topar bolup, uçutlaryň, gaýalaryň jaýryklarynda, daşlaryň arasyna girelgeli ýerde, daşlaryň köweklerinde we adamyň guran desgalarynda (daşdan örülen haýatlarda, guýularda, sardobalarda, käte hindi serçeleri bilen bilelikde) gurýar. 4-7, köplenç 5-6 sany goňurrak ýa-da goňurrak-çal menekli ak ýa-da ýaşylymtyl-ak ýumurtgalary goýýar, ölçegleri – 21.5 x 15.3 mm. Maý-iýunda jüýjeleýär. Medeni, şeýle-de ýabany däneli ösümlikleriň tohumlaryny, miwelerini çokýar, jüýjelerini, mör-möjekler, olaryň gurçuklary, möýler bilen iýmitlendirýär.

Statusy: az sanly, käbir ýerlerde adaty guş.

Полевые признаки: чуть крупнее и коренастее индийского или домового воробья. Клюв относительно массивный, хвост чуть короче и почти прямой. **Вдоль головы с каждой стороны по широкой бурой полосе**. Темя, затылок и бровь серовато-бурые. Щеки бурые. Горло светло-бурое, **на зобе ярко-желтое пятно**. Брюшная сторона буровато-беловатая с темными рыжевато-бурыми пестринами. **На конце хвоста белые пятна**. Крылья темно-бурые, у молодых птиц со светлыми окаймлениями перьев. Молодые похожи на взрослых, но без желтого пятна на зобе. Клюв светло-бурый, ноги бурые. По земле бегает, не прыгает. Голос – короткое «вюи» и звонкое «тиитюрррр», а также мягкое чирикание. Крыло – 86-101, хвост – 47-59, цевка – 17-18, клюв – 10-15 мм, вес – 30-36 г.

Сходства – отличия: в отличие от других воробьев **спинная и брюшная сторона с хорошо выраженными темными пестринами, на зобе ярко-желтое пятно**. Схожи с самками домового или индийского воробья, но отличаются темными полосами на голове.

Распространение: Южная Европа, Северо-Западная Африка, Малая, Передняя, Средняя и Центральная Азия. В Туркменистане – все гористые районы, начиная от Прикарабогазья на северо-западе и кончая Койтендагом на юго-востоке страны.

Образ жизни: оседлый вид, совершающий вертикальные кочевки. В горах предпочитает скалистые участки, в предгорьях местность с пересеченным рельефом, обрывы, чинки, холмогорья. Держатся парами, осенью – стаями. Гнездятся в апреле-мае дважды в году. Гнезда шаровидной формы, располагаются одиночно и колониями в расщелинах обрывов и скал, выходов камней, дуплах и среди сооружений человека (каменные заборы, колодцы, сардобы, иногда совместно с индийскими воробьями. В кладке 4-7, часто 5-6 белых или зеленовато-белых яиц с буроватыми или коричнево-серыми крапинками. Размеры яиц – 21.5 x 15.3 мм. Птенцы – в мае-июне. Питается зернами злаковых растений, как культурных, так и диких, ягодами; птенцов кормят насекомыми, пауками, гусеницами.

Статус: немногочисленная, местами обычная птица.

### 385. Gysgabarmak serçe – *Petronia brachydactyla* – Короткопалый воробей

Meýdan alamatlary: hindi serçesinden sähelçe uly. Çüňki gowşak, beýlekilere garanyňda uzalan, ganatlary gysga. Guýrugy sähelçe tegelenen. **Bedeniniň umumy reňki meneksiz, goňurrak-çägepisintli**. Ganatlary goňur açyk insiz jähekli ýelekli. Ganaty kese ýagty bellik-

Полевые признаки: размером чуть больше индийского воробья. Клюв слабо вздутый, относительно удлиненный, крылья короткие. Хвост слегка закруглен. **Общая окраска тела буровато-песочная, без пестрин**. Крылья бурые с узкими светлыми каймами перьев. На

li. **Guýrugy** goňur **ujy ak tegmilli**. Çüňki goňurrak. Aýaklary sarymtyl-goňur, gözüniň göreji goňur. Ýaşlarynyň arka tarapy goňur öwüşginli, ýelekleri ýagty inli jähekli. Çüňki açyk-goňur. Howada uçuşy serçlere däl-de girriklere çalymdaşlyk edýär. Saýraýşy çarlaklaryň ýa-da jyzlanlaryň sozulan jyrryldysyna çalymdaş. Ganaty – 86-104, guýrugy – 50-58, söbügi – 17-19, çüňki – 10-11 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: **solak birmeňzeş goňurrak-çägepisintli reňki bilen** beýleki serçelerden **tapawutlanýar**. Dag serçesine çalymdaş, emma arkasynda we kellesinde dik geçýän gara menekleri we **petekesinde sary tegmili bolmaýar**. Guýrugyndaky ak tegmili bilen öý we hindi serçeleriň mäkiýanlaryndan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän oblastlary Alynky we Orta Aziýa, Zakawkazýe. Türkmenistanda – Köpetdagda we Bathyzda. Günorta Arabystanda we Gündogar Afrikada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-höwürtgeleýän görnüş. Ýazky migrasiýasi aprelde. Güýzkisi – iýul-awgustda. Daglaryň seýrek gyrymsy ösümlikli ýokarky we ortaky kemerlerinde ýaşaýar. Süri bolup gezýär. Apreliň ikinji ýarymynda, maýda kiçiräk topar bolup höwürtgeleýär. Höwürtgesi ýarymşar şekilli, pes boýly gyrymsyda gurýar. 4-6 sany goňur meneklije ak ýumurtgalary goýýar. Iýunda jüýjeleýär. Iýmiti, umuman, edil beýleki serçeleriňki ýaly.

Statusy: az sanly, gowşak öwrenilen guş.

крыле светлая поперечная отметина. **Хвост** тоже бурый **с белыми пятнами на конце**. Клюв буроватый. Ноги желтовато-бурые. Радужка глаз бурая. У молодых спинная сторона с более развитым бурым тоном, светлые окаймления перьев широкие. Клюв светло-бурый. По полету больше похож на вьюрков, чем на воробьев. Песня напоминает протяжное стрекотание сверчка или цикад. Крыло – 86-104, хвост – 50-58, цевка – 17-19, клюв – 10-11 мм.

Сходства – отличия: от других воробьев **отличается однотонной бледной буровато-песочной окраской**. Похож на каменного воробья, но **отсутствуют** темные продольные пестрины на спине, продольные полосы на голове и **желтое пятно на зобе**. От самок и молодых домового и индийского воробьев отличается белыми пятнами на хвосте.

Распространение: область гнездования Передняя и Средняя Азия, Закавказье. В Туркменистане – Копетдаг и Бадхыз. Зимует в Южной Аравии и Восточной Африке.

Образ жизни: прилетно-гнездящийся вид. Весенняя миграция – в апреле. Осенняя – в июле-августе. Обитает в верхнем и среднем поясе гор с редкой кустарниковой растительностью. Держится стайками. Гнездится во второй половине апреля, в мае, небольшими группами. Гнезда полушаровидной формы, на низкорослых кустах. В кладке 4-6 белых с бурыми крапинами яиц. Птенцы – в июне. Питание, в общем, как и других воробьев.

Статус: немногочисленная, слабо изученная птица.



## Girrikler – *Fringillidae* – Вьюрковые

Däne iýýän guşlaryň uly maşgalasy. Orta we kiçi ululyklardaky guşlar. Beden gurluşy dykyz, kellesi togalagrak, boýny gysga. Çüňki berdaşly, pahna görnüşde, gapdallaryndan gysylan, diňe girrigiň üstki we aşaky çüňkleri atanaklaýyn bolup, ol däneleri gabygyndan soguryp almak we pytyratmak üçin uýgunlaşandyr. Görnüşleriniň käbirleriniň çüňkiniň ujy biraz çowly, beýlekileriniňki bolsa tegelenen. Burun deşikleri çüňkiniň düýbüne ýakyn ýerleşýär, deşikleriň arasy açyk, tegelegräk, üsti örtüksiz, bölekleýin ýa-da tutuşlaýyn aýratyn ýelek dessejikleri bilen örtülen bolýar. Ýelek örtügi dykyz, dürli reňkli. Mäkiýanlary, adaty bolşy ýaly, horazlarynyňka görä öçügsi reňkli. Sähra, çöl, dag we antropogen landşaftarda ýaýran, görnüşleriň köpüsi agaç ýa-da gyrymsy agaç ösümlikleri bilen baglanyşykly, şeýle-de çölde ýaşaýanlary hem duşýar. Uzak bolmadyk aralyklara möwsümleýin göçüp-gonup uçup gitmek hem bolýar. Saýraýşy sesliräk we ýönekeý. Höwürtgesi okara görnüşli, açyk. Agaçlaryň üstünde, grymsylarda, ýerde, daşlaryň hem gaýalaryň ýarçyklarynda höwürtgeleýärler. Esasan, ösümlikleriň tohumlary, däneleri, şeýle-de mör-möjekleri, möýleri we beýleki oňurgasyzlary çokýarlar. Maşgalada jemi 250-den gowrak görnüş şol sanda 125-si hakyky girrikler (*Fringillinae*) aşaky maşgalasyndan bolup, Ýwropada, Aziýada, Afrikada, Amerikada ýaýrandyrlar. Türkmenistanda 21 görnüş.

Большое семейство зерноядных птиц. Размеры средние и мелкие. Телосложение плотное, голова круглая, шея короткая. Клюв крепкий, конической формы, сжатый с боков, только у клестов надклювье и подклювье перекрещиваются и приспособлены для дробления и извлечения семян. У некоторых видов конец клюва немного заостренный, у других немного закругленный. Ноздри расположены у основания клюва, сквозные, округлые, без крышечки и частично или полностью прикрыты пучками особых перьев, имеющихся у основания клюва. Оперение плотное, разнообразной окраски. Самки, как правило, окрашены более тускло, чем самцы. Населяют степи, пустыни, горы и антропогенный ландшафт, большинство видов связаны с древесной или кустарниковой растительностью, есть и обитатели пустынь. Характерны сезонные передвижения на небольшие расстояния или кочевки. Пение звучное и простое. Гнезда открытые чашевидные. Гнездятся на деревьях, кустах, на земле, среди камней и в щелях скал. Питаются, главным образом, растительной пищей – семенами, зернами, а также насекомыми, и другими беспозвоночными. Распространены в Европе, Азии, Африке, Америке. Всего более 250 видов в том числе 125 - из подсемейства настоящих вьюрков (*Fringillinae*), среди них - 21 вид в Туркменистане.

## 386. Owgan ýer serçesi – *Montifringilla theresae* – Афганский земляной воробей

Meýdan alamatlary: hindi serçeden ölçegi kiçi. Çüňki gysga, edil girrikleriňki ýaly ýogyn we olara görä daýaw. Guýrugy beýlekilere garanyňda gysga, göni. **Horazynyň kellesiniň üsti, arkasy we bili gara dik tegmilli çyparrak-goňur, garyn tarapy goňurrak-çypar**. Bokurdagy gara. Mäkiýanlary we ýaşlary horazlaryna çalymdaş, ýöne öçügsi reňkli. Çüňki we aýaklary gara. Ganaty – 88-99, guýrugy – 56-59, söbügi – 20, çüňki – 12-12.3 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: hindi we garadöş serçeleriň mäkiýanlary bilen bilelikde ýaşaýan ýerlerinde çalyşmak mümkin, olardan guýrugynyň gapdallaryndaky inli ýagty zolagy bilen tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Demirgazyk Owganystan (Hindikuş we Parapamiz), Türkmenistanda Bathyz we Garabil töweregi.

Ýaşaýşy: göçüp-gonýän guş. Baýyrlyk sähralyklarda, şorluk çöketliklerde we gum gaýaly oýlara ýanaşyk ýerlerde gabat gelmegi mümkin. Adatça, jübüt, käte daş serçeleri bilen bile süri bolup gezýär.

Statusy: seýrek, heniz ýakyndan öwrenilmedik guş, Bathyz döwlet goraghanasynda görnüşiň ýaşamagy üçin wajyp şertli ýerler bar.

Полевые признаки: размером мельче индийского воробья. Клюв короткий, как у вьюрков, толстый и сравнительно сильный. Хвост относительно короткий, прямой. **У самца голова сверху, спина и поясница рыжевато-бурые, с продольными темными пестринами; брюшная сторона буровато-рыжая**. **Горло черное**. Самки и молодые похожи на самцов, но тусклее. Клюв и ноги черные. Крыло – 88-99, хвост – 56-59, цевка – 20, клюв – 12-12.3 мм.

Сходства – отличия: может быть спутан с самками индийского или испанского воробьев в местах совместного обитания, от которых отличается широкими светлыми полосами по бокам хвоста.

Распространение: Северный Афганистан (Гиндукуш и Парапамиз), в Туркменистане – Бадхыз и Карабиль.

Образ жизни: оседло-кочующая птица. Может быть встречена в холмистой степи, по периферийным участкам солончаковых впадин и лессовым обрывам. Держится обычно парами, порой в стаях вместе с каменными воробьями.

Статус: редкая, почти не изученная птица, важные для вида местообитания находятся в Бадхызском заповеднике.

## 387. Gar girrigi – *Montifringilla nivalis* – Снежный вьюрок

Meýdan alamatlary: serçeden ulurak ölçegli. Çüňki aram ýognalan, guýrugy uzynrak we göni. Ganatlary beýlekilere garanyňda ýiti uçly. **Kellesi çal**. Arkasy dik geçen tegmilli goňur. **Ganatlaryndaky gara we ak reňkleriň utgaşygy uçan wagtynda anyk saýgardýar. Horazynyň alkymynda we bokurdagynda, mäkiýandan tapawutlylykda, kiçiräk gara tegmili bolýar**. Guýrugynyň ortasy gara, gapdallary bolsa ak. Bedeniniň garyn tarapy kirliräk-ak. Ýaşlaryň arkasy has güýçliräk goňurrak öwüşginli, umumy reňki öçügsi, bokurdagy gara tegmilsiz. Aýaklary gara, çüňki tomsuna gara we gyşyna – sarymtyl. Gozüniň göreji goýy-goňur. Sesi güýçli jürlemeler we gysga – “ti-tizýü”, saýraýşy – myňňyldyly ýiti sesli. Uçuşy çalt, emma diňe gysga aralyga. Ganaty – 108-121, guýrugy – 62-75, söbügi – 19-23, çüňki – 11-14 mm, agramy – 34-44 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: ganatlaryndaky we guýrugynyň gapdallaryndaky ak inli zolaklary bilen beýleki serçelerden we girriklerden anyk tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Günorta Ýewropanyň daglyk oblastlary, Alynky, Ortaky we Merkezi Aziýada. Türkmenistanda Köýtendagda.

Ýaşaýşy: oturymly, bölekleýin göçüp-gonýan, dag görnüşi. Adatça, süri bolup gezýar, ýerde iýmitlenýär. Daglaryň ýokarsyndaky sähralyklarda we suw toplanýan ýerlerde, şeýle-de çagyl we daş üýşmekli ýerlerde gabat gelýär. Jübüt we kiçiräk koloniýa bolup, gaýalaryň ýarçyklarynda we beýleki buky ýerlerde höwürtgeleýär. Maý-iýunda 4-5 sany ak reňkli ýumurtgalary goýýar.

Statusy: seýrek. Bu guş heniz öwrenilmedik diýen ýaly. Köýtendag goraghanasynyň iň täsin wekilleriniň biri.

Полевые признаки: размером крупнее воробья. Клюв умеренно утолщен, хвост удлиненный и прямой. Крылья сравнительно острые. **Голова серая**. Спина бурая с продольными пестринами. **На крыльях – контрастное сочетание черного и белого цветов, хорошо заметное в полете. У самца, в отличие от самки, на подбородке и горле небольшое черное пятно**. Хвост по середине черный, по бокам белый. Брюшная сторона тела грязно-белая. У молодых спина с более сильным буроватым тоном, общий окрас тусклее, черного пятна на горле нет. Ноги черные, клюв тоже черный летом и желтоватый зимой. Радужка глаз темно-бурая. Голос – громкое чирикание и короткое «ти-ти-зю», песня – резкие гнусавые звуки. Полет быстрый, но обычно на короткое расстояние. Крыло – 108-121, хвост – 62-75, цевка – 19-23, клюв – 11-14 мм. Вес – 34-44 г.

Сходства-отличия: от других воробьев и вьюрков резко отличается очень широкими белыми полосами на крыльях и по бокам хвоста.

Распространение: горные области в Южной Европе, Передней, Средней и Центральной Азии. В Туркменистане – Койтендаг.

Образ жизни: оседлый, частично кочующий, горный вид. Держится обычно стайками, кормится на земле. Встречается на нагорных степях и лужайках, а также осыпях и каменистых участках. Гнездится парами и небольшими колониями в щелях скал и иных укрытиях, кладка в мае-июне и состоит из 4-5 яиц белого цвета.

Статус: редкая, почти не изученная птица, один из интересных представителей Койтендагского заповедника.

## 388. Üşegenje – *Fringilla coelebs* – Зяблик

Meýdan alamatlary: serçe ululykda. Çüňki pahna görnüşli, uzyn, ýiti uçly, düýbi biraz ýognan. Ganatlary beýlekilere garanyňda uzyn, guýrugy oýukly. Horazlarynyň maňlaýy ýazyna gara, kellesiniň üsti we boýny çal. Gaşy we kellesiniň gapdallary gülgüne öwüşginli goňras. Arkasy çalymtyl-ýaşylymtyl ýa-da poslurakgoňurrak. **Bili we guýrugynyň üsti ýaşyl**. Guýrugynyň gapdallary anyk görünýän ak tegmilli. **Ganatlary iki sany ak kese zolakly**, ganat ýelekleri insiz ak jähekli garamtyl-goňur. Garyn tarapy, döşi has doýgun, böwürleri açyk goňurrak-goýy-gülgüne reňkli. Garnynyň ortasy we guýrugynyň aşagy ak. **Kellesiniň üstüniň we boýnunyň, şeýle-de arkasynyň güýzki ýelek örtügi çyparrakgoňur. Çüňki güýzine goňur we ýazyna – mawumtyl-çal. Aýaklary goňur. Mäkiýany goňurrak-çal, bedeniniň garyn tarapy has açyk reňkli bolýar.** Ýaşlary mäkiýana çalymdaş, emma, öçügsi reňkli. Saýraýşy güýçli owazlar – “fiit-fiit-lýa-lýa-wiçiukik” ýaly bolup eşdilýär. Sesi – “pinkpink”, “rýu-rýu-rýu” ýa-da “fýu-fýu-fýu”. Jübüt we süri bolup gezýär. Ganaty – 84-94, guýrugy – 57-72, söbügi – 17-19.2, çüňki – 10-13.3 mm, agramy – 17-26 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: horazy reňkleriň utgaşmagy we beýleki girriklere meňzeş däldigi bilen tapawutlanýar. Ganatlary kese zolakly: ýazyna ak we güýzüne çalymtyl. Horazynyň aşak tarapy goňur-goýygülgüne reňkli. **Guýrugynyň gapdallary ak tegmilli**. Mäkiýany bilinde ak, döşünde we ganatlarynda çypar reňkleriň ýokdygy bilen girrigiň mäkiýanyndan tapawutlanýar, ýöne olaryň ikisiniň hem ganatlaryndaky inli we insiz zolaklary elmydama görünýär.

Ýaýran ýerleri: Ýewropanyň hemme ýerleri diýen ýaly, Demirgazyk Afrikda, Alynky we Orta Aziýa, gündogara Orta Sibire çenli. Türkmenistanda – Günbatar we Merkezi Köpetdag. Güýz-gyş döwürlerinde oazislerde, derýalaryň jülgelerinde, Köpetdagyň eteklerinde, Hazar deňziniň ýakalarynda gabat gelýär. Sanalan arealyň günbatar ýerlerinde we Afrikanyň gündogar böleginde gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-gyşlaýan, Köpetdagyň käbir ýerlerinde höwürtgeleýän guş. Ýazky migrasiýasy martda, güýzkisi – oktýabr-noýabrda. Agaç we gyrymsy agaç ösümlikli ýerlerde saklanýar. Aprelde höwürtgeleýär. Ýarymşar görnüşli höwürtgesini, köplenç sütüniň şahalanan ýerinde gurýar. 4-7 sany gülgünesyýareňk meneklije gögümtil-ýaşyl reňkli ýumurtgalary goýýar; ölçegleri – 14.3-15 x 19.5-20.5 mm. Maýda jüýjeleýär. Aglaba, mör-möjekler, şeýle-de ösümlikleriň däneleri bilen iýmitlenýär.

Statusy: ýazyna we tomsuna seýrek, käbir ýerlerde az sanly, güýzgyş döwründe adaty görnüş.

Полевые признаки: размером с воробья. Клюв конической формы, острый, слегка вздутый в основании. Крылья относительно длинные, хвост выемчатый. У самцов весной лоб черный, верх головы и шеи серые. Бровь и бока головы каштановые с розовым оттенком. Спина серо-зеленоватая или ржаво-коричневая. **Поясница и надхвостье зеленые**. Хвост по бокам с хорошо заметными белыми пятнами. **На крыльях – две поперечные белые полоски**, сами перья крыла черно-бурые с узкими белыми каемками. Брюшная сторона буровато-темно-розового цвета, более насыщенного на груди, светлее на боках. Центральная часть брюшка и подхвостье белые. **В осенне-зимнем наряде**, когда широко встречается у нас, **верхняя сторона головы и шеи, а также спина коричневые**. **Самка буровато-серая, брюшная сторона тела имеет более светлую окраску**. Молодые похожи на самку, но тусклее. Клюв – буроватый, ноги бурые. Песня – громкая трель. Передается как «фьит-фьит-ля-лявичиу-кик». Голос – «пинк-пинк», «рю-рю-рю» или «фью-фью-фью». Держится парами и стайками. Крыло – 85-94, хвост – 57-72, цевка – 17-19.2, клюв – 10-13.3 мм, вес – 17-26 г.

Сходства – отличия: самец отличается сочетанием цветов и не похож на других вьюрковых. На крыльях поперечные полоски: белые весной и сероватые осенью. **По бокам хвоста белые пятна**. От юрка отличается отсутствием белого цвета на пояснице и рыжего цвета на груди и плечах, но у них обоих видны широкая и узкая полосы на крыле.

Распространение: гнездовой ареал - почти вся Европа, Северная Африка, Передняя и Средняя Азия, на восток – до Средней Сибири; в Туркменистане – Западный и Центральный Копетдаг. В осенне-зимнее время у нас в оазисах и долинах рек, предгорьях Копетдага, на Каспийском побережье. Зимует в южных областях очерченного ареала и восточных частях Африки.

Образ жизни: пролетная, зимующая, в Копетдаге местами гнездящаяся птица. Весенняя миграция – в марте, осенняя – в октябре-ноябре. Придерживается мест с древесной и кустарниковой растительностью. Гнездится в апреле. Гнездо полушаровидное, чаще в развилках ветвей. В кладке 4-7 яиц голубовато-зеленого цвета с розовато-фиолетовыми пятнами, размеры – 14.3-15 x 19.5-20.5 мм. Птенцы – в мае. Питаются, преимущественно, насекомыми, а также семенами.

Статус: весной и летом редкий, в осенне-зимний период обычный вид.

## 389. Girrik – *Fringilla montifringilla* – Юрок

Meýdan alamatlary: serçe ölçeginde. Çüňki göni, ujy çowly, düýbi çişigräk. Güýz-gyş aýlary, bizde gabat gelýän wagty, horazlarynyň kellesiniň üsti, ýaňaklar we kellesiniň gapdallaryndaky depesinden arkasyna gaýdýan zolaklar goýy goňur. Arkasy, ýelekleri çyparak gaýalan goňur. Guýrugy gara. Guýrugynyň üsti

Полевые признаки: размером с воробья. Клюв прямой, острый, слегка вздутый в основании. В осенне-зимний период, когда встречается у нас, у самцов верх головы, щеки и **полосы по бокам головы, идущие от темени к спинной стороне, темно-бурые**. Спина также бурая, с рыжеватыми

gara, ol uçýan wagty anyk görünýär. Bedeniniň böwürleri uly gara tegmilli mämişiräk-çyparrak. Bokurdagy, petekesi we döşi mämişiräk-çyparrak reňkli. Garny we guýrugynyň aşagy ak. Gözleriniň töweregi ýagty halkaly, gözleri goňur. Çüňki mämişiräk-sarymtylrak, aýaklary goňur. Mäkiýänlarynyň arkasy goýy-goňur, emma olaryň umumy reňki agymtyl. Ganatlarynyň üsti we bedeniniň garyn tarapy goňurrak-çyparrak. Boýnunyň yzy we **gapdallary çal reňkli.** Sesi basyk "çi-i". Adatça süri bolup gezýär. Ganaty - 81.2-96.6, guýrugy - 55.4-66.6, söbügi - 17.8-19.5, çüňki - 10.7-12.8 mm, agramy - 20-27.2 g.

Ýaýran ýerleri: Ýewraziýanyň taýga zolagynda höwürtgeleýär – Skandinawýadan Çukotka we Kamçatkada çenli. Merkezi Aziýada we Türkmenistanda ýaz we güýz uçup geçende hemme ýerlerde, gyş döwründe – derýalaryň jülgelerinde we dag eteklerinde, seýreräk daglarda duşýar. Ýewropanyň günorta bölegin-de, Orta we Merkezi Aziýanyň günortasynda we Päkistanyň, Hindistanyň, Günorta Hytaýyň, Ýaponiýanyň günortasynda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän we gyşlaýan guş. Ýazky migrasiýasy – martda, güýzkisi oktýabr-noýabrda. Derýalaryň jülgelerinde, daglarda, dag etek zolakda we antropogen landşaftda ýaşaýar. Tomus döwründe aglaba mör-möjekleri, gyşyna haşal otlaryň tohumlaryny we ekinleriň dänelerini iýýär.

Statusy: güýz uçup geçende we gyşlanda adaty, käbir ýerlerde köpsanly, oňat tapawutlanýan guş.

каймами перьев. Хвост черный. **Надхвостье белое, что хорошо заметно в полете**. Бока тела оранжево-рыжеватые с крупными черными пестринами. **Горло, зоб и грудь ржавчато-рыжего цвета**. Брюшко и подхвостье белые. Вокруг глаз светловатое кольцо, глаза бурые. Клюв оранжево-желтоватый, ноги бурые. У самок спина также темно-бурая, но в целом они окрашены бледнее. Крылья сверху и брюшная сторона тела буровато-рыжеватые. Зашеек и **бока шеи серого цвета**. Голос – глухое «чи-и». Держатся, как правило, стайками. Крыло – 81.2-96.6, хвост – 55.4-66.6, цевка – 17.8-19.5, клюв – 10.7-12.8 мм, вес – 20-27.2 г.

Сходства – отличия: в отличие от других вьюрковых **верх головы, щеки, уши, зашеек и спина бурые. Надхвостье белое**. Хвост черный, с небольшим белым оттенком у основания. В отличие от зяблика голова черная или бурая.

Распространение: гнездятся в таежной зоне Евразии – от Скандинавии до Чукотки и Камчатки. В Средней Азии и Туркменистане осенью и весной на пролете повсеместно, в зимнее время – по долинам рек и предгорьям, реже в горах. Зимовки в южной половине Европы, на юге Средней и Центральной Азии и южнее – в Пакистане, Индии, Южном Китае, Японии.

Образ жизни: пролетная и зимующая птица. Весенняя миграция – в марте, осенняя – в октябре-ноябре. Обитает в речных долинах, горах, подгорной полосе и в антропогенном ландшафте. Питаются в летний период преимущественно насекомыми, в зимний растительным кормом – семенами сорняков и сельскохозяйственных культур.

Статус: на осеннем пролете и зимовке обычная, местами многочисленная, хорошо заметная птица.

### 390. Gyzyl depeli girrik – *Serinus pusillus* – Красношапочный вьюрок

Meýdan alamatlary: serçeden biraz kiçiräk. Çüňki ýognas, gysga, gapdallary sähelçe tüňňüräk, çüňküsti gerş hem tüňňürak, aşaky çüňki göni. **Kellesi, ýeňsesi, boýny, petekesi ýazyna gara,** güýzine ýelekleri açyk jähekli. **Maňlaýy we depesi gyzyl reňkli.** Arkasy we ganatlarynyň üstüni örtüji ýelekleri garamtyl-goňur tegmilli çalymtyl-mämişi. **Bili we guýrugynyň aşagy mämişiräk-gyzyl reňkli**. Ganatlary we guýrugy gararamtyl-goňur. Döşi we garnynyň aşaky tarapy mämişi öwüşginli. Bedeniniň böwürleri gara-goňur menekli. Çüňki we aýaklary gara. Mäkiýany horazyna çalymdaş, ýöne reňki biraz solagrak, gyzyl we gara reňkleri az. Ýaş guşlaryň kellesi gyzyl "telpejiksiz", goňur. Bokurdagy we petekesi goňurrak. Sesi batly, mylaýym heňli owazlar. Saýraýşy ses owazlaryň we jikgildileriň toplumlaryndan durýar. Ganaty – 69-79, guýrugy – 48-60, söbügi – 13.2-14.7, çüňki – 5.6-8 mm, agramy – 10-12.7 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: **biliniň mämişiräk-gyzyldygy** bilen beýleki girriklerden tapawutlanýar. **Maňlaýy we depesi gyzyl,** bedeniniň üstki tarapy garamtyl tegmilli.

Ýaýran ýerleri: Ortaýer deňziniň gundogarragy, Kawkazda, Oňki we Orta Aziýada, gündogara Demirgazyk Hindistan we Tibete çenli. Türk-

Полевые признаки: несколько мельче воробья. Клюв вздутый короткий, по бокам слегка выпуклый, хребет надклювья тоже выпуклый, подклювья прямой. **Голова, затылок, шея, зоб черные** весной, со светлыми окаймлениями перьев осенью. **Лоб и темя красного цвета.** Спина и верхние кроющие крыла серовато-оранжевые с черно-бурыми стержневыми пятнами**. Поясница и подхвостье оранжево-красного цвета**. Крылья и хвост черно-бурые. Грудь и брюшная сторона с оранжевым оттенком. Бока тела с темно-бурыми пятнами. Клюв и ноги черные. Самка похожа на самца, но с несколько тусклой окраской, красного и черного цвета меньше. У молодой птицы голова коричневая, без красной "шапочки". Горло и зоб коричневые. Голос – звонкая, мелодичная трель. Песня состоит из набора трелей и щебетания. Крыло – 69-79, хвост – 48-60, цевка – 13.2-14.7, клюв – 5.6-8 мм, вес – 10-12.7 мм.

Сходства – отличия: в отличие от других вьюрковых **поясница оранжево-красная. Лоб и темя красные,** верхняя сторона тела в темных пятнах.

Распространение: Восточное Средиземноморье, Кавказ, Передняя и Средняя Азия на восток до

menistanda – Uly we Kiçi Balkanda, Köpetdagda, Köýtendagda.

Ýaşaýşy: oturymly dag guşy, dikligine göçüp-gonup uçup gezmekler mümkin. 3-5 sany solgun-gögümtil reňkli ýumurtgalary goýýar. Iýunda jüýjeleýär. Ýylda iki gezek ýumurtga goýýar. Dag ösümlikleriň, gyrymsylaryň tohumlaryny, mörmöjekleri iýýär.

Statusy: az sanly, käbir ýerlerde adaty, ýeterlik öwrenilmedik guş.

Северного Индостана и Тибета. В Туркменистане – Большой и Малый Балханы, Копетдаг, Койтендаг.

Образ жизни: оседлая горная птица, может совершать вертикальные кочевки. В кладке 3-5 яиц бледно-голубоватого цвета. Птенцы – в июне. Две кладки в году. Питаются семенами горных трав и кустарников, насекомыми.

Статус: немногочислен, местами обычен, изучен слабо.

### 391. Ýaşyl paltatumşyk – *Carduelis chloris* – Зеленушка

Meýdan alamatlary: serçäniň ululygynda. Beden gurluşy dykyz, guýrugy beýlekilere garanyňda gysga, oýukly. **Umumy reňki ýaşylymtyl-sarymtyl. Kellesiniň üstki tarapy, boýny we arkasy ýaşylymtyl-çal. Bili we guýrugynyň üsti sarymtyl-ýaşyl reňkli**. Guýrugynyň ortaky ýelekleri garamtylrak-çal reňkli, **galanlary sary düşekli**. Kellesiniň gapdallary, boýny we bedeni çalymtyl-goňurrak. **Ganatlary limonpisint-sary reňkli kiçiräk meýdançaly**. Bokurdagy, petekesi we döşi çal ýokundyly sarymryl-ýaşyl reňkli. Çüňki ujyna ýakyn garalýan açyk-goňur, aýaklary açyk-goňur. Mäkiýany horazyna çalymdaş, ýöne has öçügsi reňkli. Bili we bedeniniň garyn tarapy ýaşylymtyl öwüşginli. Ýaşlary mäkiýanlara çalymdaş, emma ýelekleri has garamtyl. Bili we guýrugynyň üsti goňur reňkli. Garyn tarapy dik goňur çyzykly kirliräk-ak. Saýraýşy – sykylyklar we ses owazlary "ižžž" bilen pert gutarýar. Adatça, jübüt, göçýän wagtlary süri bolup gezýärler. Ganaty – 79-95, guýrugy – 50.8-61.2, söbügi – 17.4-19.2, çüňki – 10.6-13.3 mm, agramy – 20-35 g.

Полевые признаки: размером с воробья. Телосложение плотное, хвост сравнительно короткий, выемчатый. **Общая окраска зеленовато-желтоватая. Верхняя сторона головы, шеи и спина зеленовато-серые. Поясница и надхвостье желтовато-зеленого цвета**. Центральные перья хвоста черновато-серого цвета, остальные с желтыми основаниями. Бока головы, шеи и тела серо-буроватые. **На крыле небольшой участок лимонно-желтого цвета**. Горло, зоб и грудь желто-зеленого цвета с серым налетом. Клюв светло-бурый, темнеющий к вершине, ноги светло-бурые. Самка похожа на самца, но окрашена более тускло. Поясница и брюшная сторона тела зеленоватого оттенка. Молодая птица похожа на самку, но с более темными перьями. Поясница и надхвостье бурого цвета. Брюшная сторона грязно-белая с бурыми продольными штрихами. Песня – посвистывание и трель, заканчивается резким «ижжж». Держатся обычно парами, во время кочевок в стайках. Крыло – 79-95, хвост – 50.8-61.2, цевка – 17.4-19.2, клюв – 10.6-13.3 мм, вес – 20-35 г.



Meňzeşlikleri-tapawutlary: **umumy reňk öwüşginini ýaşylymtyl-sarymtyldygy: bedeniniň garyn tarapynyň sary, çalymtyl-goňur ganatlarynyň uçlarynyň sary jäheklidigi** bilen beýleki girriklerden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: tutuş Ýewropa, demirgazyk oblastlaryndan başgalary, gündogara Krasnoýarskiniň günorta bölegine çenli, Orta, Alynky we Kiçi Aziýa, Ýakyn Gündogar, Demirgazyk-Günbatar Afrika. Gyşlamagy we göçüp-ganma hereketleri görnüşiň arealynyň günorta böleginde geçýär. Türkmenistanda Köýtendag, Köpetdag we ýanaşyk düzlükler, Etrek, Sumbar, Tejen, Murgap derýalarynyň we Amyderýanyň jülgeleri.

Ýaşaýşy: uçup geçýän-gyşlaýan we höwürtgeleýän guş. Ýazky migrasiýasy martda, güýzkisi oktýabr-noýabrda. Hemme ýerlerde agaç we gyrymsy agaç ösümlikli meýdanlarda mekan tutýar. Aprel-maýda höwürtgeleýär. Düýbi düşekli okara görnüşli höwürtgesini gyrymsyda ýa-da agaçda gurýar. 4-5 sany mawymtyl we goňur meneklije ýaşylymtyl ýumurtgalary goýýar. Ýylda iki gezek ýumurtgalaýar. Esasan, ösümlikleriň däneleri, miweleri, şeýle-de mörmöjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: jülgelerde ýaz-tomus wagtlary az sanly, daglarda – adaty, güýz-gyş döwründe käbir ýerlerde köpsanly guş.

Сходства – отличия: **основной тон окраски**, в отличие от других вьюрков, **зеленовато-желтоватый: брюшная сторона тела желтая**.

Распространение: вся Европа, за исключением северных областей, на восток до южных частей Красноярского края, Средняя, Передняя и Малая Азия, Ближний Восток, Северо-Западная Африка. Зимовки и кочевки – в южных частях ареала вида. В Туркменистане – Койтендаг, Копетдаг и прилежащие равнины, долины Этрека, Сумбара, Теджена, Мургаба и Амударьи.

Образ жизни: гнездящаяся и пролетно-зимующая птица. Весенняя миграция – в марте, осенняя – в октябре-ноябре. Всюду придерживается древесно-кустарниковых местообитаний. Гнездится в апреле-мае. Гнездо чашеобразное с выстилкой, на кусте или дереве. В кладке 4-5 яиц. Окраска их голубоватая с фиолетовыми и коричневыми крапинками. В году две кладки. Питаются, преимущественно, растительным кормом – семенами, ягодами, а также насекомыми.

Статус: в весенне-летнее время в долинах немногочисленная, в горах – обычная, в осенне-зимнее время местами многочисленная птица.

### 392. Saryganat – *Carduelis carduelis* – Щегол

Meýdan alamatlary: serçäniň ululygynda. Çüňki pahna görnüşde, ýiti uçly, beýlekilere garanyňda uzynrak. Guýrugy oýuk. **Maňlaýy, depesiniň öňki bölegi we bo-**

Полевые признаки: размером с воробья. Клюв конусовидный, остроконечный, сравнительно длинный. Хвост выемчатый. **Лоб и горло красные**. Кольцо вокруг основания клюва черное. Верх го-

**kurdagy gyzyl**. Çüňkiniň düýbüni gabaýan halka gara. Kellesiniň üsti we bedeni çalymtyl-ýaşylymtyl-çypar öwüşginli. Guýrugynyň üsti ak. Garnynyň ortasy ak, böwürleri çalymtyl-goňurrak. **Ganatlary sary inli kese zolakly garamtyl-goňur** we ýelekleriniň uçlary ak. **Ganatlaryndaky sary tegmil uçan mahaly örän oňat görünýär**. Çüňki sarymtylrak-ak, aýaklary goňurrak-gülgüne. Mäkiýanlary öçügsi reňkli, gyzyl reňki az. Ýaşlarynyň kellesinde gara we gyzyl reňkleri ýok, bedeniniň aşaky tarapy, petekesi, döşi we böwürleri garamyl menekli, ganatlaryndaky tegmil çýparrak. Jübüt ýa-da süri bolup gezýärler. Saýraýşy gaty sykylyklardan, owazlardan we şowhunly seslerden durýar. Sesi güýçli – "pit-tili-pit". Horazlarynyň ganaty – 76-82.5, mäkiýanlarynyňky – 75.5-81.5 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: açyk-gyzyl "perdesi" we ganatlaryndaky sary tegmilleri bilen beýleki girriklerden tapawutlandyrylýar. Uçup geçende we gyşyna bizde saryganatlaryň **depesinde we ýeňsesinde gara reňki bolan** beýleki aşaky görnüşi gabat gelýär.

Ýaýran ýerleri: Ortaýer deňzi, bütin Ýewropa, onuň çetki demirgazyk olastlaryndan başgalarynda, Günbatar we Orta Sibiriň günortasynda, Gazagystan, Orta, Alynky we Kiçi Aziýa. Gyşyna öz arealynyň demirgazyk böleginden günorta oblastlaryna göçýär. Türkmenistanda – giňişleýin gabat gelýär, ýöne olar derýalaryň jülgelerine, daglaryň derelerine we oazislere ýakynlaşmany halaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýär, höwürtgeleýär we gyşlaýar, daglarda oturumly guş, ýöne gyşyna göçüp-gonup uçup gezýär. Ýazky migrasiýasy aprelde, güýzkisi noýabrda. Agaçly we gyrymsy agaçly ýerlerde mekan tutýar. Daglaryň derelerinde, dag eňňitlerinde we dagöňi düzlükde ýaşaýar. Aprelde höwürtgeleýär, ýarymşar görnüşli höwürtgelerini agaçlarda gurýar. 3-5, köplenç 4 sany kütek ujynda toplanan garamtyl ýa-da çalymtyl-melewşe meneklije solak - mawymtyl reňkli ýumurtgalary goýýar, ölçegleri –16.6-18.1 x 12.9-13.5 mm. Maýda jüýjeleýär. Ýylda iki gezek ýumurtga goýýar. Aglaba ösümlikleriň däneleri, şeýle-de mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sanly, käbir ýerlerde adaty görnüş, aýratyn-da uçup geçýän we göçüp-gonýan wagty. Höwesjeňleriň kapasada saklamak üçin saýrak guş hökmünde ulanmaklary mümkin.

ловы и тела серо-зелетовато-рыжеватого оттенка. Надхвостье белое. Середина брюха белая, бока серобуроватые. **Крылья черно-бурые, с желтой широкой поперечной полосой** и белыми концами перьев. **Желтые поля на крыльях в полете очень хорошо заметны**. Клюв желтовато-белый, ноги буровато-розовые. У самок цвета тусклее, красного цвета меньше. У молодых отсутствуют на голове черный и красный цвета, нижняя сторона тела с темными пятнышками на зобе, груди и боках, а на крыльях пятна рыжеватые. Держатся парами или стайками. Пение состоит из громких свистов, трелей и трескучих звуков. Голос – звонкое «пить-тили-пить». Крыло самцов – 76-82.5, самок – 75.5-81.5 мм.

Сходства – отличия: от других вьюрков отличается ярко-красной «маской» и желтыми полями на крыльях. На пролете и зимой у нас встречаются щеглы другой формы – с развитием **черного цвета на темени и затылке**.

Распространение: Средиземноморье и вся Европа, кроме северных ее областей, юг Западной и Средней Сибири, Казахстан, Средняя, Передняя и Малая Азия. Зимой из северных частей откочевывают в южные области своего ареала. В Туркменистане – встречается широко, но тяготеет к речным и горным долинам и оазисам.

Образ жизни: пролетает, гнездится и зимует, в горах оседлая птица, но зимой совершает кочевки. Весенняя миграция в апреле, осенняя – в ноябре. Придерживается местообитаний с древесно-кустарниковыми насаждениями. Обитает в ущельях и на склонах гор и предгорий. Гнезда в апреле, полушаровидные, на деревьях. В кладке 3-5, чаще 4 яйца, бледно-голубого цвета с черными и серовато-лиловыми пятнышками, сосредоточенными на тупом конце. Размеры яиц – 16.6-18.1 x 12.9-13.5 мм. Птенцы – в мае. Две кладки в году. Питаются, преимущественно, семенами растений, а также насекомыми.

Статус: немногочисленный местами обычный вид, особенно во время пролета и кочевок. Может содержаться любителями птиц в качестве певчей птицы.

### 393. Ýaşyl tiltil – *Carduelis spinus* – Чиж

Meýdan alamatlary: serçeden ep-esli maýda. Çüňki beýlekilere garanyňda inçe, göni, ýiti uçly, gapdallaryndan güýçli gysylan. Guýrugy oýuk. **Ýelek örtüginde sarymtyl-ýaşyl reňk agdyklyk edýär. Depesi we bokurdagy gara. Gözüniň üsti sary zolakly**. Boýnunyň üsti we arkasy ýaşylymtyl-sarymtyl. **Guýrugynyň üsti sary**. Ganatlary iki sany sary kese zolakly goňurrak-gara. Kellesiniň gapdallary sarymtyl-goňur. Bedeniniň böwürleri sary, guýrugynyň aşagy gara-goňur menekli agymtyl-sary. Aşaky tarapy tutuşlygyna sary bolup, ýuwaş-ýuwaşdan agymtyl öwüşgine geçýär. Mäkiýany has öçügsi reňkli. Onuň bokurdagynda we kellesinde gara reňki ýok. Garyn tarapy we döşi ýukajyk sarymtyl-ýaşylymtyl ýokundyly ak; döşi we böwürleri garamtyl zolakly.

Полевые признаки: несколько мельче воробья. Клюв сравнительно тонкий, прямой, острый, сильно сдавлен с боков. Хвост выемчатый. **В оперении преобладают желто-зеленые цвета. У самца темя и горло черные.** Над глазом желтая полоса. Верх шеи и спина зеленовато-желтоватые. **Надхвостье желтое**. **Крылья буровато-черные с двумя желтыми поперечными полосами**. Бока головы желто-буроватые. Бока тела желтые, подхвостье бледно-желтое с черно-бурыми пятнами. Вся нижняя сторона желтая, постепенно переходящая в беловатый оттенок. Самка окрашена более тускло. На горле и голове у нее нет черного цвета. Брюшная сторона и грудь белые с легким желтовато-зеленым налетом; на груди и боках темные полосы. Мо-

Ýaşlary mäkiýanyna çalymdaş, ýöne has öçügsi reňkli. Çüňki açyk goňur reňkli, aýaklary goňur. Adatça, kiçiräk süri bolup gezýär. Sesi batly – "tiili-tiii". Horazynyň saýraýşy çalt "siwi-ti-wi-kee" ses owazlaryna esaslanýan ýokary notadaky jikgildili. Ganaty – 65-75, guýrugy – 41-48.7, söbügi – 12.6-14.7, çüňki – 8-10 mm, agramy – 11-15.2 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: **ganatlaryndaky iki sany sary kese zolak bilen beýleki girriklerden tapawutlanýar. Bedeniniň böwürleri dik zolakly**. Horazynyň gara "telpejigi" bolýar.

Ýaýran ýerleri: Arealynda höwürtgeleýän bölegi – Ýewraziýanyň tokaý zolagy. Türkmenistanda – uçup geçende Hazar deňziniň kenaryndan Köpetdaga, Bathyza, Garabile we Amyderýanyň jülgesine çenli.

Ýaşaýşy: uçup geçýän we gyşlaýan guş. Ýazky migrasiýasy mart-aprelde, güýzkisi – oktýabr-noýabrda. Agaç we gyrymsy agaç ösümlikli ýerlerde gezýär. Ösümlikleřň tohumlary, şeýle-de mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: uçup geçende hem az sanly görnüş. Höwesjeňler kapasada saklamak üçin saýrak guş hökmünde ulanýarlar.

лодые похожи на самку, но окрашены более тускло. Клюв светло-бурого цвета, ноги бурые. Держатся, обычно, небольшими стайками. Голос – звонкое «тиили-тииии». Пение самца – быстрое щебетание на высоких нотах, основными в нем являются звуки «циви-тиви-кее». Крыло – 65-75, хвост – 41-48.7, цевка – 12.6-14.7, клюв – 8-10 мм, вес – 11-15.2 г.

Сходства – отличия: **в отличие от других вьюрков на крыле две поперечные желтоватые полосы.** Бока тела с продольными полосами. Самец имеет черную "шапочку".

Распространение: гнездовая часть ареала – лесная зона Евразии. В Туркменистане – на пролете, встречается от побережья Каспия до Копетдага и долины Амударьи, в Бадхызе и Карабиле. Зимовки – в Южной Европе, Северо-Западной Африке, Юго-Западной Азии, Северо-Восточном Китае и Японии.

Образ жизни: пролетная и зимующая птица. Весенняя миграция – в марте-апреле, осенняя – в октябре-ноябре. Придерживается участков с древесной и кустарниковой растительностью. Питаются семенами растений, а также насекомыми.

Статус: немногочисленный вид даже на пролете. Используется любителями певчих птиц для клеточного содержания.

### 394. Kendir guşy – *Carduelis cannabina* – Коноплянка

Meýdan alamatlary: serçeden epesli maýda. Çünki kiçiräk, pahna görnüşde. Guýrugy oýuk. **Maňlaýy we depesi gyzyl**. Ýeňsesi, kellesiniň

Полевые признаки: несколько мельче воробья. Клюв небольшой, конической формы. Хвост выемчатый. **Лоб и темя красные**. Затылок,



gapdallary we boýny goňurrak-çal. **Arkasy, eginleri we bili goňras-goňurrak**. Guýrugynyň üsti goýy-goňur, ýelekleri inli çyparrak-agymtyl jähekli. Bokurdagy goňurrak dik menekli ak. **Petekesi we döşi gyzyl, ýelekleri açyk jähekli**. Bedeniniň böwürleri açyk-goňur. Garny we guýruynyň aşagy agymtyl. Horazlary güýzki ýelek örtüginde umumy reňki boýunça mäkiýanyna çalymdaş, olaryň reňkinde gyzyl reňki ýok, kellesiniň üsti garamtyl dik menekli çalymtyl-goňur. Arkasynyň reňki tutugrak goňur. Bedeninin aşaky tarapy açyk reňkli. Ýaşlary mäkiýana çalymdaş, has solak reňkli. Çüňki mawymtyl-goňur. Aýaklary goňur. Saýraýşy – sykylyklardan we jürrüldilerden durýar. Sesi jykgyldyly sesler – "tk-tk-tk". Jübüt we süri bolup gezýärler. Ganaty – 71.5-87.8, guýrugy – 47.7-61.2, söbügi – 14.6-17, çüňki – 8-10.5 mm, agramy – 16-22 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: **bedeniniň üstki tarapynyň goňras-goňur reňki bilen** beýleki grriklerden tapawutlanýar. Guýrugynyň gyralaryndaky ýelekleri inli, çäkleri anyk bellenen ak jähekli. Goňras-gönur arkasy bilen dag ýa-da adaty çetçetiden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Ýewropa, guňdogara Sibiriň ortasyna, günorta Týanşan daglaryna çenli, Günorta–Günbatar Aziýa we Demirgazyk-Günbatar Afrika. Türkmenistanda – Uly Balkan, Köpetdag, Köýtendag we olaryň etekleri.

Ýaşaýşy: oturymly we göçüp-gonýan guş. Gyrymsy ösümlikli dag landşaftynda, dag derýajyklarynyň boýlarynda ýaşaýar. Aprelde höwürtgeleýär. Höwürtgesi okara-

бока головы и шея буровато-серые. **Спина, плечи и поясница каштаново-коричневые.** Надхвостье темно-бурое с широкими рыжевато-белыми окаймлениями перьев. Горло белое с буроватыми продольными пестринами. **Зоб и грудь красные,** со светлыми ободками перьев. Бока тела светло-коричневые. Брюшко и подхвостье беловатые. В осеннем оперении самец по общему тону похож на самку, у которой в окраске красного цвета нет, а верх головы сероватo-бурый с темными продольными пестринами. Спина менее яркая, буроватая. Нижняя сторона тела светлее. Молодые похожи на самку, окраска более тусклая. Клюв голубовато-бурый. Ноги бурые. Держатся парами и стайками. Пение состоит из свистов и трелей. Голос – щебечущие звуки «тк-тк-тк». Крыло – 71.5-87.8, хвост – 47.7-61.2, цевка – 14.6-17, клюв – 8-10.5 мм, вес - 16-22 г.

Сходства – отличия: от других вьюрков отличается **каштаново-коричневой окраской верхней стороны тела**. Перья по краям хвоста с широкими, резко отграниченными белыми каемками. В отличие от горной или обыкновенной чечетки спина каштаново-коричневая.

Распространение: Европа к востоку до средней Сибири, на юг до Тяньшаня, Юго-Западной Азии и Северо-Западной Африки. В Туркменистане – Большие Балханы, Копетдаг, Койтендаг и их предгорья.

Образ жизни: оседлая и кочующая птица. Обитает в горном ландшафте с зарослями кустарников, по

şekilli, adatça grymsylarda gurýar. 3-7, köplenç 5 sany mawymtyl-gyzylymtyl-goňur we garamtyl meneklije agymtyl-mawumtyl-ýaşyl reňkli ýumurtgalary goýýar, ölçegleri – 19.2-13.5 mm. Maýda jüýjeleýär. Dürli ösümlikleriň tohumlary, ýazyna we tomsuna mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sanly, ýöne daglaryň we eteklериniň käbir ýerlerde adaty guş hasaplanýar.

горным речкам. Гнездится в апреле. Гнездо чашевидное, устраивают обычно на кустарниках. В кладке 3-7, чаще 5 яиц, бледно-голубовато-зеленоватого цвета с фиолетовыми красно-бурыми и черноватыми пятнами. Размеры яиц – 19.2-13.5 мм. Птенцы – в мае. Питаются различными семенами растений, весной и летом насекомыми.

Статус: немногочисленная, но местами в горах и предгорьях может считаться обычной птицей.

### 395. Dag çetçetisi – *Carduelis flavirostris* – Горная чечетка

Meýdan alamatlary: serçeden biraz kiçi, guýrugy güýçli oýuk we ganatlary ýiti uçly. Çüňki kiçiräk we ujy ýiti. **Kellesi, arkasy, bokurdagy we petekesi garamtyl dik zolakly agymtyl-goňurrak-çypar. Bili we guýrugynyň üsti gyzylymtyl-gülgüne reňkli**, ganatlarynyň ýelekleri we guýrugy ak jähekli goýy-goňur. **Döşi we böwürleri dik açyk-goňur menekli**. Garyn tarapy kirliräk-ak, bokurdagy we petekesi çyparrak öwüşginli. Guýrugynyň aşagy ak. **Çüňki sary garamtyl uçly**. Aýaklary goňur. Mäkiýanlary we ýaşlary açyk we öçügsi, guýrugynyň üsti gülgüne reňksiz. Saýraýşy güýçli we birmeňzeş, jikgildili sesleriň toplumy. Sesi batly – "piii-ti-ti". Uçan wagty ak ýaly bolup görünýär. Jübüt ýa-da süri bolup gezýärler. Ganaty – 70-82 mm, agramy – 15-20 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: **umumy reňkinde bedeniniň üstki tarapynyň we böwürleriniň garamtyl menekli poslyrak-çypardygy bilen** beýleki girriklerden tapawutlanýar. **Guýrugynyň üsti gyzgylt-gülgüne reňkli**.

Полевые признаки: несколько мельче воробья, с выемчатым хвостом и острыми крыльями. Клюв небольшой и острый. **Голова, спина, горло и зоб бледно-буровато-рыжеватые с темными продольными полосами.** Поясница и надхвостье красновато-розоватого цвета, перья крыльев и хвоста темно-бурые с белыми каемками. **На груди и боках продольные светло-буроватые пестрины**. Брюшная сторона грязно-белая с рыжеватым оттенком на горле и зобе. Подхвостье белое. **Клюв желтый с темным концом**. Ноги бурые. Самки и молодые несколько светлее и тусклее, розовый цвет надхвостья отсутствует. Во время полета кажется белой. Держится парами или стайками. Пение громкое и однообразное, с набором щебечущих звуков. Голос – звонкое «пиии-ти-ти». Крыло – 70-82 мм, вес – 15-20 г.

Сходства – отличия: в отличие от других вьюрков **общая окраска ржавчато-рыжая с темными пятнами на верхней стороне и боках тела. Надхвостье красно-розово-**



Guýrugynyň has uzynlygy, kellesinde gyzyl "telpejiginiň" ýokdygy bilen adaty çetçetiden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: arealy güýçly bölünen – Skandinawiýanyň, Kawkazyň, Alynky we Orta Aziýanyň demirgazyk we günbatar daglyk raýonlary. Türkmenistanda – Köpetdag, Köýtendag.

Ýaşaýşy: bizde gyşlaýan görnüş. Daglaryň ýokarky kemerleriniň daşlyk eňňitlerinde gabat gelýär.

Statusy: örän seýrek, gowşak öwrenilen guş.

**го цвета**. В отличие от обыкновенной чечетки хвост более длинный, красной шапочки на голове нет.

Распространение: ареал сильно разобщен – горные районы севера и запада Скандинавии, Кавказа, Передней и Средней Азии. В Туркменистане – Копетдаг, Койтендаг.

Образ жизни: у нас может попадатся зимой на каменистых склонах верхнего пояса гор.

Статус: очень редкая, слабо изученная птица.

---

**396**. *Bellik*: örän seýrek **adaty çetçetiniň – *Carduelis flammea*** tötänden uçup gelmegi mümkin, kendir gu-şyndan bokurdagynyň garadygy we arkasynyň goňurrakçaldygy, dag çetçetisinden – açykgyzyl "telpejigi" bilen tapawutlanýar.

**396.** *Примечание*: зимой крайне редко, может залетать ***Carduelis flammea* – обыкновенная чечетка,** отличающаяся от коноплянки буровато-серой спиной, а от горной чечетки – ярко-красной "шапочкой".

### 397. Ýolkaçy girrik – *Loxia curvirostra* – Клест-еловик

Meýdan alamatlary: serçe ululykda. Kellesi beýlekilere garanyňda uly. Çüňki egmek, gapdalyndan güýçli gysylan. **Üstki we aşaky çüňkleriniň uçlary atanaklaýyn ýapylýar**. Ganatlary örän uzyn we ýiti uçly, guýrugy gysga we güýçli oýuk. Horazlarynyň ýelek örtüginiň **umumy reňki goýy-gyzyl**. Arkasy kellesinden garamtylrak. Ganatlary we guýrugy goňur. Garnynyň gapdallary we guýrugynyň aşagy çal. Mäkiýanyň bedeniniň üstki tarapy tegmilli, depesi we guýrugynyň üsti ýaşylymtyl-mämişi ýa-da sarymtyl-ýaşyl ýokundyly. Garyn tarapy açyk-çal, döşi we böwürleri sary ýa-da sarymtyl-ýaşyl ýokundyly. Ýaşlaryň ýelek örtüginiň umumy reňki sarymtyl-ýaşyl ýokundyly kirliräk-ak. Çüňki we aýaklary goňur. Sesi gaty

Полевые признаки: размером с воробья. Голова относительно большая. Клюв загнутый, сильно сдавлен с боков. **Концы надклювья и подклювья перекрещиваются**. Крылья довольно длинные и острые, хвост короткий и сильно выемчатый. У самцов общая окраска оперения темно-красная. Спина темнее головы. Крылья и хвост бурые. Брюшко по бокам и подхвостье серые. У самок верхняя сторона тела пятнистая с зеленовато-оранжевым или желтым налетом на темени и надхвостье. Брюшная сторона светло-серая с желтым или желто-зеленым налетом на груди и боках. У молодых основной фон оперения грязно-белый с желто-зеленым налетом. Клюв и ноги

– “klee-kle-kle”. Ganaty – 81-108, guýrugy – 47.3-66, söbügi – 15-20, çüňki – 12.8-21 mm, agramy – 30-57 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: umumy reňki boýunça adaty merjimege çalymdaş, ýöne sähelçe ulurak we **üstki we aşaky çüňkleriniň uçlary atanaklaýyn ýapylýar**.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän oblastlary dagynyk – tutuş Ýewropanyň, Demirgazyk-Günbatar Afrikanyň we Denirgazyk Amerikanyň düzlükleri we daglary, hemme ýerlerde pürli tokaýlar bilen baglanşykly. Türkmenistanda – Uly Balkanda, Köpetdagda.

Ýaşaýşy: tötänden uçup gelýän görnüş, höwürtgeleýän oblastyndan göçüp-gonýan döwründe pürli agaçlaryň hasylsyz ýyllary Türkmenistana aralaşýar, göçýän wagty arçanyň we beýleki pürli agaçlaryň tohumlary bilen iýmitlenýär.

Statusy: seýrek, käbir ýyllarda aýry-aýry ýerlerde adaty guş.

бурые. Голос – звонкое «клее-клекле». Крыло – 81-108, хвост – 47.3-66, цевка – 15-20, клюв – 12.8-21 мм, вес – 30-57 г.

Сходства – отличия: общей окраской похож на обыкновенную чечевицу, но чуть крупнее и концы надклювья и подклювья перекрещиваются.

Распространение: области гнездования разобщены – равнины и горы всей Евразии, Северо-Западной Африки и Северной Америки, повсеместно связан с хвойными лесами. В Туркменистане – Большие Балханы, Копетдаг.

Образ жизни: залетный вид, появляется в Туркменистане из области гнездования в периоды кочевок в неурожайные годы хвойных, на кочевках питаются семенами арчи и других хвойных деревьев.

Статус: редкая, местами в отдельные годы обычная птица.

### 398. Gyzylganat merjimek guşy – *Rhodopechys sanguineus* – Краснокрылый чечевичник

Meýdan alamatlary: serçeden biraz ulurak, çüňki ýognas, ýöne çişik däl, ganatlary uzyn we guýrugy sähelçe oýuk. **Maňlaýy, depesi we ýeňsesi gara**. Ýaňaklary goňurrak-gülgüne. **Bokurdagy, petekesi, döşi we bedeniniň gapdallary garamtyl menekli çyparrak-goňur**. Üstki tarapynyň reňki goňur, garamtyl-goňur menekli we çyzykly. **Bili goňurrak-çyparrak, guýrugynyň üsti gülgüne reňkli. Ganatlary inli gyzylymtyl-gülgüne zolakly**. Sesi sykylyk “Ti-liu...” we pessaýja jürküldeme. Ganaty – 94-109, guýrugy – 54-61.7, söbügi – 19-21, çüňki – 10.4-12 mm.

Полевые признаки: несколько крупнее воробья, с толстым, но не вздутым клювом, длинными крыльями и слегка выемчатым хвостом. **Лоб, темя и затылок черные**. Щеки буровато-розовые. **Горло, зоб, грудь и бока тела рыжевато-бурые с темными пятнами**. Сверху окраска бурая с черно-бурыми пятнами и штрихами. **Поясница буровато-рыжаватая, надхвостье розовое. На крыле широкая полоса красно-розового цвета**. Голос – свист «Ти-лиу...» и негромкое чириканье. Крыло – 94-109, хвост – 54-61.7, цевка – 19-21, клюв – 10.4-12 мм.



Meňzeşlikleri-tapawutlary: kellesi, edil ýaşyl tiltiliňki ýaly gara “telpejikli”. Guýrugynyň üsti, edil dag çetçetisiniňki ýaly gülgüne reňkli. Kellesiniň has ulurakdygy, bedeniniň aşaky tarapynda gülgüne reňkiň ýokdygy bilen ýogynçüňk we mongol çöl pitpitilerinden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Demirgazyk-Günbatar Afrikanyň, Günorta Kawkazyň, Alynky we Orta Aziýanyň, Gimalaý daglary. Türkmenistanda – Köpetdagda we Köýtendagda, Bathyzyň käbir ýerlerinde.

Ýaşaýşy: oturymly, göçüp-gonýan guş. Daglaryň daşly eňňitleriniň seýrek ösümlikli, arçalykly ýerlerinde ýaşaýar. Dürli ösümlikleriň tohumlary bilen iýmitlenýär.

Statusy: seýrek, çäkli ýaýrawly dag guşy.

Сходства – отличия: на голове черная “шапочка”, как у самца чижа. Надхвостье розовое, как у горной чечетки. В отличие от пустынного и монгольского снегиря голова кажется более крупной, а на нижней стороне тела отсутствует розовый цвет.

Распространение: горы Северо-Западной Африки, Южного Кавказа, Передней и Средней Азии, Гималаи. В Туркменистане – Копетдаг и Койтендаг, может быть в Бадхызе.

Образ жизни: оседлая, кочующая птица. Обитает на каменистых горных склонах с разреженной растительностью, в арчевниках. Питаются семенами различных растений.

Статус: редкая горная птица, с ограниченным распространением.

---

**399.** *Bellik*: biziň günorta raýonlarymyz **mongol çöl pitpitisiniň – *Eremopsaltria mongolicus*** käte tötänden uçup gelmegi mümkin, ol ýeňsesiniň goňurdygy, çüňkiniň açyk reňkli we ganatlarynyň agymtyl belliklidigi we ýogynçüňk çöl pitpitisinden, gyzylganat merjimekden bolsa, bedeniniň aşaky tarapynyň gülgüne reňki bilen tapawutlanýar.

**399.** *Примечание*: иногда к нам в юго-восточные районы может залетать **монгольский снегирь – *Eremopsaltria mongolicus***, который от пустынного снегиря отличается коричневым затылком, светлым клювом и беловатыми отметинами на крыле, а от краснокрылого чечевичника – розовым оттенком на нижней стороне тела.

### 400. Ýogynçüňk çöl pitpitisi – *Bucanetes githagineus* – Пустынный снегирь

Meýdan alamatlary: serçeden biraz kiçi. **Çüňki gysga we ýognas**. Guýrugy beýlekilere garanyňda gysga, oýuk. Umumy reňki çalymtyl-gülgüne. **Kellesi çal, ýöne horazlarynyň maňlaýy we çüňki, şeýle-de bedeniniň böwürleri we guýrugynyň üsti gyzgylt-gülgüne**. Ganatlary **gülgüne zolakly**

Полевые признаки: несколько мельче воробья. **Клюв короткий и утолщенный**. Хвост сравнительно короткий, выемчатый. Общая окраска серовато-розоватая. **Голова серая, но у самцов лоб и клюв, а также бока тела и надхвостье красно-розовые**. Крылья

goňur. Mäkiýanlaryň ýelek örtügi çäge pisint reňkli, döşi we guýrugynyň üsti ýukajyk gülgüne ýokundyly. Ýaşlary mäkiýanlaryna çalymdaş, ýöne has öçüksi reňkli. Çüňki goňurrak-sary, aýaklary goňur. Sesi batly we arassa – "ke-ke-ke". Ganaty – 78.5-96.4, guýrugy 46.5-58.3, söbügi – 17-18, çüňki – 7.6-10.7 mm, agramy – 18.3-22.1 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: horazlary gyzgylt çüňki, gülgüne ganatlary (ak reňksiz), ýaňaklarynyň çaldygy mongol çöl pitpitisinden we bedeniniň gapdallarynyň gülgünedigi – **gyzylganat merjimekden** tapawutlandyrýar.

Ýaýran ýerleri: Demirgazyk Afrika, Ýakyn Gündogar, Oňki Aziýa, Orta we Merkezi Aziýanyň günorta bölegi. Türkmenistanda – Hazarýaka raýonlaryň käbir ýerlerinde, Günbatar Uzboýda, Uly we Kiçi Balkan daglarynda, Köpetdagda (Kürendagda), Merkezi Garagumda, Üňüzde we Bathyzyň käbir ýerlerinde.

Ýaşaýşy: höwürtgeleýan, göçüpgonýan guş. Süri bolup gezýär. Dag eteklerinde, dagyň ösümlige garyp bolan aşaky kemeriniň eňňitlerinde, gaýalyk ýerlerinde ýaşaýar. Aprel-maýda höwürtgeleýär, ýalpak we dykyz örülen höwürtgesini, köplenç tekje köweklerde, gaýalaryň ýarçyklarynda, gyrymsylaryň goragynda ýa-da üsti telär ýaly bürelen ýerleriniň aşagynda gurýar. Ýylda iki gezek ýumurtgalaýar. 3-5 sany gara menekli agytyl-mawy reňkli ýumurtgalary goýýar. Maýda jüýjeleýär. Ösümlikleriň däneleri bilen iýmitlenýär.

Statusy: azanly, bölekleýin "ala" ýaýrawly, gowşak öwrenilen guş.

бурые **с розовыми полосками**. У самок оперение песочного цвета с легким розовым налетом на груди и надхвостье. Молодые похожи на самок, но более тусклые. Клюв буровато-желтый, ноги бурые. Голос – звонкое и чистое «кэ-кэ-кэ». Крыло – 78.5-96.4, хвост – 46.5-58.3, цевка – 17-18, клюв – 7.6-10.7 мм, вес 18.3-22.1 г.

Сходства – отличия: самцы отличаются от монгольского снегиря **красноватым клювом**, розоватыми (без белого) крыльями и серыми щеками и затылком, а от краснокрылого чечевичника – розоватыми боками тела.

Распространение: Северная Африка, Ближний Восток, Передняя, южные части Средней и Центральная Азия. В Туркменистане – местами в Прикаспийских районах, по Западному Узбою, в Больших и Малых Балханах, Копетдаге (Курендаге), по Унгузу в Центральных Каракумах, местами в Бадхызе.

Образ жизни: кочующая, гнездящаяся птица. Держатся в стайках. Обитают на участках предгорий, склонах нижнего пояса гор со скудной растительностью, на скалистых участках. Гнездо – в апреле-мае, представляет плоскую и плотную постройку, часто помещается в нише, трещине скал, под навесом или под защитой куста. В кладке 3-5 яиц бледно-голубого цвета с черными пятнами. Птенцы – в мае. Две кладки в году. Питаются семенами растений.

Статус: немногочисленный вид с неравномерным «пятнистым» распределением, изучен слабо.



### 401. Melemtil girrik – *Rhodopechus obsoletus* – Буланый вьюрок

Meýdan alamatlary: serçe ululykda. Çüňki beýlekilere garanyňda daýaw, horazlarynyňky mawy goşantly we mäkiýanlarynyňky açyk gara reňkli. Ýelek örtüginiň umumy reňki açyk-mele, **ganatlary inli gülgüne zolakly**. Guýrugy we ganatlary insiz dik ak zolakly gara. Guýrugynyň üsti çypar-çägepisint reňkli. Çüňkiniň düýbi gara, aýaklary goňur. Sesi pessaýja sykylyklanma – "fink-fink-fink". Saýraýşy örän çylşyrymly jikgildiler, sesli owazlaryň toplumy. Jübüt ýa-da süri bolup gezýärler. Ganaty – 80-91, guýrugy – 53-67.8, söbügi – 16.4-17.5, çüňki – 9.7-11.6 mm, agramy – 23.5-24.5 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: **çüňkiniň garadygy**, ganatlarynyň has garşylykly (gara-ak-gülgüne) reňklidigi we ýagty **ýelek örtüginiň umumy reňkiniň açyk-melemtildigi** bilen ýogynçüňk we mongol çöl pitpitilerinden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Ýakyn Gündogar, Zakawkazýe, Alynky Aziýa we Orta Aziýanyň günorta bölegi. Türkmenistanda giňişleýin gabat gelýär, ýöne bölekleýin Hazarýakasyndan Garagum, Tejen, Murgap derýalaryna, Günorta-Gündogar Garaguma, Amyderýa, Köpetdaga, Bathyza we Garabile, Köýtendaga çenli duşýar.

Ýaşaýşy: oturymly we göçüpgonýan guş. Esasan, derýalaryň jülgelerinde, daglyklarda we oazislerde ýaşaýar, agaç we gyrymsy agaçly ýerleri, çölde sazaklyk ýerleri halaýar. Ýazyna, adatça jübüt, galan wagty süri bolup, ýerde gezýar, gyrymsylaryň, telegraf sütünleriň simlerinde oturýar. Mart-aprelde höwürtgeleýär.

Полевые признаки: размером с воробья. **Клюв** относительно массивный **черного цвета** с голубым отливом у самцов и светлый у самок. Общая окраска оперения светло-буланая. Хвост и крылья черные с узкими белыми продольными полосками, но **с широкой розовой полосой**. Надхвостье рыжевато-песочное. Ноги бурые. Голос – тихий посвист «финк-финк-финк». Пение – довольно сложное щебетание, набор громких трелей. Держатся парами или стайками. Крыло – 80-91, хвост – 53-67.8, цевка – 16.4-17.5, клюв – 9.7-11.6 мм, вес – 23.5-24.5 г.

Сходства – отличия: от пустынного и монгольского снегиря отличается **черным клювом**, более контрастными (черно-бело-розовыми) крыльями и яркой **светло-буланой общей окраской оперения**.

Распространение: Ближний Восток, Закавказье, Передняя и южные части Средней Азии. В Туркменистане встречается широко, но неравномерно – от Прикаспия до Каракумдарьи, Теджена, Мургаба, Юго-Восточных Каракумов, Амударьи, в Копетдаге, Бадхызе, Карабиле, Койтендаге.

Образ жизни: оседлая и кочующая птица. Обитает, в основном, в речных долинах, в горах и оазисах, предпочитает участки с древесно-кустарниковыми насаждениями, в пустыне – в саксаульниках. Весной обычно парами, в остальное время в стаях на земле, кустах, телеграфных проводах. Гнездятся в марте-апреле. Две кладки в году. Гнезда

Ýylda iki gezek ýumurtgalaýar. Höwürtgesini agaçlaryň, ösgün gyrymsy agaçlaryň şahalanan ýerinde gurýar. 3-7, köplenç 5-6 sany garamtyl menekli açyk-mawy reňkli ýumurtgalary goýýar, ölçegleri – 14.0 x 19.1 mm. Maýda jüýjeleýär. Dürli ösümlikleriň tohumlary bilen iýmitlenýar, suw içmäge yzygiderli gatnaýar.

Statusy: adaty, käbir ýerlerde köpsanly, bölekleýin ýaýrawly guş.

на деревьях или больших кустах, в развилках сучьев. В кладке 3-7, чаще 5-6 яиц, светло-голубого цвета с темными крапинами. Размеры яиц – 14 х 19.1 мм. Птенцы – в мае. Питаются растительными кормами – семенами различных растений, охотно посещают водопои.

Статус: обычная, местами многочисленная птица, с неравномерным распространением.

### 402. Adaty merjimek – *Carpodacus erythrinus* – Обыкновенная чечевица

Meýdan alamatlary: serçe ululykda. Horazlarynyň **kellesiniň üsti, bokurdagy, petekesi, döşi we guýrugynyň üsti gyzyl**. Arkasy gyzyl öwüşginli goňur. Bedeniniň garyn tarapy gülgüne öwüşginli çalymtyl, guýrugynyň aşagy ak. Mäkiýanlaryň üstki tarapy körek garamtyl menekli goňurrak-çal. Aşaky tarapy çypar ýokundyly kirliräk-ak. Reňkinde gyzyl boýagy ýok. Ýaşlary mäkiýanlaryna çalymdaş, ýöne arkasy sarymtyl-çalymtyl-ýaşylymtyl öwüşginli. Çüňki goňur, aýaklary açyk-goňyr. Sesi owazly sykylyklaryň gaýtalanmalary – "çe-çe-wi-sa". Ýekelikde we jübüt bolup gezýär. Ganaty – 78-90, guýrugy – 54.4-62.6, söbügi – 17.3-20, çüňki 9-10.9 mm, agramy – 17.5-26 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: ölçegleriniň has uludygy, çüňkiniň ýognasdygy, ganatlarynda, guýrugynda ak we bilinde gyzyl reňkiň ýokdugy bilen kendir guşyndan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Merkezi we Gündogar Ýewropada we Aziýada, demirgazyk çetlerinden, günorta we günorta-gündogar oblastlaryndan başga ýerlerinde höwürtgeleýär. Arealy sähra, ýarymçöllük we çöllük zonalar arkaly demirgazyk we günorta bölege bölünýär. Günorta böleginde, şol sanda Türkmenistanda daglyk ýerlerde höwürtgeleýär, uçup geçýän ýerleri düzlükler Alynky Aziýada, Hindistanda we Hindihytaý gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän we käýarym höwürtgeleýän guş. Ýazky migrasiýasy aprel-maýda we güýzkisi awgust-oktýabrda. Oazislerdäki baglyk ýerlerde, derýalaryň jülgelerinde we daglaryň derelerinde, çöllüklerde; uçup geçende gyrymsylyklarda, suw ýataklarynyň golaýynda gabat gelýär. Okara görnüşli höwürtgesini gyrymsylarda we agaçlaryň üstünde gurýar. 3-6 sany goňur meneklije ýaşylymtyl-mawy reňkli ýumurtgalary goýýar. Ösümlikleriň tohumlary, miweleri, şeýle-de mörmöjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: azsanly, käbir ýerlerde uçup geçende adaty görnüş.

Полевые признаки: размером с воробья. У самцов **верх головы, горло, зоб, грудь и надхвостье красные**. Спина бурая с красным оттенком. Брюшная сторона тела сероватая с розовым оттенком, подхвостье белое. У самок верхняя сторона буровато-серая с расплывчатыми темными пестринами. Нижняя сторона грязно-белая с рыжеватым налетом. Красного цвета в окраске нет. Молодые похожи на самок, но спина с желто-серо-зеленоватым оттенком. Клюв бурый, ноги светло-бурые. Голос – повторение мелодичного свиста «че-че-ви-ца». Держатся одиночно и парами. Крыло – 78-90, хвост – 54.3-62.6, цевка – 17.3-20, клюв – 9-10.9 мм, вес 17.5-26 г.

Сходства – отличия: от коноплянки отличается более крупными размерами, утолщенным клювом, отсутствием белого на крыле и хвосте и красным пятном на пояснице.

Распространение: гнездится в Центральной и Восточной Европе и Азии, за исключением крайних северных, южных и юго-восточных областей. Ареал разобщен зонами степей, полупустынь и пустынь на северную и южную половины. В южной половине, в том числе, и в Туркменистане, гнездится в горных районах, равнины являются областями пролета. Зимуют в Передней Азии, в Индии и Индокитае.

Образ жизни: пролетная и возможно гнездящаяся птица. Весенняя миграция – в апреле-мае, осенняя – в августе-сентябре. Встречается в садах оазисов, речных и горных долинах, в пустыне; на пролете среди кустарников, вблизи воды. Гнездо чашевидное, на кустарниках и деревьях. В кладке 3-6 яиц зеленовато-голубого цвета с бурыми пятнами. Питаются семенами растений, ягодами, а также насекомыми.

Статус: немногочисленный, местами на пролете обычный вид.

### 403. Arça merjimegi – *Carpodacus rhodochlamys* – Арчевая чечевица

Meýdan alamatlary: serçeden sähelçe uly. Çüňki konus görnüşli. Üstki çüňkiniň gerşi has ýasy we tegelenen. Guýrugy oýuk. **Gözüniň üsti zolakly**, kellesiniň gapdallary we **bokurdagy kümüşleç-gülgüne. Kellesiniň üsti goňurrak-gülgüne. Arkasy garamtyl çyzykly we tegmilli goňurrak-gülgüne**. Bili we guýrugynyň üsti gülgüne reňkli. Ganatlarynyň we guýrugynyň ýelekleri gülgüne bilen jäheklenen goňur. Döşi, garyn tarapy we bedeniniň gapdallary goýy-gülgüne. Mäkiýanyň üsti garamtyl menekli goňurrak-çal. Gözüniň üsti çala saýgardýan ýagty zolakly. Garyn

Полевые признаки: несколько крупнее воробья. Клюв конической формы. Надклювье сверху сильно уплощено и закруглено. Хвост выемчатый. **Полоса над глазом, бока головы и горло серебристо-розовые**. **Верх головы буровато-розовый. Спина буровато-розовая с темными штрихами и пятнами**. Поясница и надхвостье розового цвета. Перья крыльев и хвоста бурые, с розовыми каемками. Грудь, брюшная сторона и бока тела темно-розовые. Самка сверху буровато-серая с темными пестринками. Над глазом слегка заметная светлая полоска. Брюшная сторона

tarapy garamtyl dik meneklenen çyparrak-ak. Ýaşlary mäkiýanlardan arkasynyň we ganatlarynyň ýelekleriniň has çypar jäheklenendigi bilen tapawutlanýar. Ýelek örtüginde gülgüne reňki bolmaýar. Aýaklary açyk-goňur. Sesi pert – "ççižžž" ýa-da "ççueeý". Ganaty – 84-95 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: gözüniň üstündäki zolak, kellesiniň gapdallarynyň we bokurdagynyň kümüşleç ýalpyldyly gülgünedigi bilen beýleki girriklerden tapawutlanýar. Çüňkiniň uzyndygy we guýrugynyň has gysgadygy adaty merjimekden tapawutlandyrýar.

Ýaýran ýerleri: Alynky Aziýanyň günbatar we Orta Aziýanyň günorta etraplary. Türkmenistanda – diňe Köýtendagda.

Ýaşaýşy: höwürtgeleýän we oturymly dag guşy bolmagy ahmal. Arçalyk zolakda ýaşaýar. Ösümlikleriň dänelerini we muwelerini iýýär.

Statusy: az sanly görnüş, Köýtendag döwlet goraghanasynyň iň täsin wekilleriniň biri.

рыжевато-белая с темными продольными пестринками. Молодые отличаются от самок более рыжеватыми каемками на перьях спины и крыльев. Розового цвета в окраске оперения нет. Ноги светло-бурые. Голос – резкое «ччижжж» или «ччуэей». Крыло – 84-95 мм.

Сходства – отличия: в отличие от других вьюрков полоса над глазом, бока головы и горло розовые с серебристым отблеском. От обыкновенной чечевицы отличается удлиненным клювом и более коротким хвостом.

Распространение: западные районы Передней Азии и южные Средней Азии. В Туркменистане – только Койтендаг.

Образ жизни: гнездящаяся и, вероятно, оседлая горная птица. Обитает в арчевой зоне. Питается семенами и ягодами.

Статус: немногочисленный вид, один из наиболее интересных представителей Койтендагского заповедника.

---

**404, 405.** *Bellik*: Hazar deňzinde (2011 we 2012 ýý.) – Soýmonow aýlagynyň kenarynda ilkinji gezek tötänden uçup gelen **uzynguýruk pitpiti – *Uragus sibiriçus*** bellendi. Bu guşyň bedeniniň ölçegleri serçeden kiçiräk, reňkinde gülgüne, kümüşsow we açyk-goňur, ganatlarynda ak öwüşginler artykmaçlyk edýär. Bizdäki duşýan girriklerden böwürleriniň ak zolaklarynda uzyn guýrugynyň garagoňurdygy bilen tapawutlanýar.

Sowuk bolan ýyllarda Türkmenistanda örän seýrek, serçe ululykdaky **adaty pitpiti – *Pyrrhula pyrrhula*** tötänden uçup gelýär.

**404, 405.** *Примечание*: недавно (2011 и 2012 гг.) на Каспии - на берегу бухты Соймонова впервые отмечен залет и зимовка **длиннохвостых снегирей – *Uragus sibiricus.*** Размером тела птичка эта меньше воробья, в окраске преобладают розовые, серебристые и светло-бурые, на крыльях белые тона. От всех наших вьюрковых хорошо отличается длинным черно-бурым хвостом с белыми полосками по бокам.

Крайне редко на территорию Туркменистана в холодное время года может залетать **снегирь – *Pyrhulla pyrhulla* –** птица контраст-



Horazy ýaňaklarynyň we döşüniň açyk-gyzyl reňki; mäkiýany - şol reňkiň çalymtyl-gülgüne reňke çalşandygy bilen anyk tapawut-lanýar. Olaryň ikisiniň hem ganatlary gara (gysga ak zolakly), guýrugy we arkasy çal, guýrugynyň üsti ak.

ной окраски, размером с воробья. Самец безошибочно узнается по ярко-красным щекам и груди; у самки же этот цвет заменен серо-розовым цветом. У тех и других - черные крылья (с белой кроткой полосой), хвост и спина серые, надхвостье белое.

### 406. Paltatumşyk – *Coccothraustes coccothraustes* – Обыкновенный дубонос

Meýdan alamatlary: sar ölçeginde, **çüňki örän ýogyn we deşli**, guýrugy oýuk, gysga. **Kellesi melemtil-goňur, çüňkiniň töweregi zolakly, bokurdagy, ganatlary we guýrugy gara**. Eginleri inli ak zolakly. Arkasy goňras, boýny we bili çal, guýrugynyň üsti goňurrak-çypar. Bedeniniň aşagy gülgüne-çal. Çüňki tomsuna mawumtylrak çal, gyşyna – ten reňkinde. Aýaklary goňurrak-gülgüne, gözi çalymtyl ýa-da goňurrak-ak. Sesi batly – "sik-sik" ýa-da "si-si". Saýraýşy – şowhunly sesleriň toplumy. Ganaty – 95-108.2, guýrugy – 52.9-21.7, söbügi – 21-23.5, çüňki – 16.4-21.7 mm, agramy – 42-57 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: beden gurluşy ykjam, kellesi uly, guýrugy gysga we çüňki pahna görnüşli bolany üçin aňsat tanalýar. Guýrugynyň gysga we ujynyň ak bolamagy bilen arça paltatumşykdan tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Ýewraziýanyň ýasyýaprakly we gatyşyk tokaýly zolaklarynda höwürtgeleýär. Türkmenistanda – Uly Balkan, Köpetdag Köýtendag. Günorta Ýewropada, Kiçi we Alynky Aziýada, Ýakyn Gündogarda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: tötänden uçup gelýän we göçüp-gonýan guş, daglarda höwürt-

Полевые признаки: размером со скворца, **с очень толстым и массивным клювом**, коротким выемчатым хвостом. **Голова буро-коричневая, полоса вокруг клюва и горло черные**. На плечах широкая белая полоса. Спина каштановая, шея и поясница серые, надхвостье буро-рыжее. Низ тела розово-серый. Клюв летом серый с голубизной, зимой телесного цвета. Ноги буровато-розовые, глаза сероватые или коричневато-белые. Голос – громкое «цик-цик» или «ци-ци». Песня – набор трескучих звуков. Крыло – 95-108.2, хвост – 52.9-21.7, цевка – 21-23.5, клюв – 16.4-21.7 мм, вес – 42-57 г.

Сходства – отличия: легко узнается по компактному телосложению, большой голове, короткому хвосту и массивному коническому клюву. В отличие от арчевого дубоноса хвост короткий, на конце светлый.

Распространение: гнездится в зонах широколиственных и смешанных лесов Евразии. В Туркменистане – Большие Балханы, Копетдаг, Койтендаг. Зимой – в Южной Европе, Малой и Передней Азии, на Ближнем Востоке.

Образ жизни: залетная и кочу-

gelemegi hem mümkin. Tötänden uçup gelen wagty daglaryň derelerinde, deňizýakalarda, oazislerde duş gelýär. Tekiz, aralary ýasy, aňyrsy görnüp, duran höwürtgesini agaçlaryň juda gizlin ýerlerinde ýerleşdirýär. 3-7, köplenç 4-5 sany garamtyl-goňur we çal menekli agymtyl-ýaşylymtyl ýa-da sarymtyl-çal reňkli ýumurtgalary goýýar. Ösümlik iýýär, jüýjelerini mörmöjekler bilen iýmitlendirýär.

Statusy: seýrek, bizde gowşak öwrenilen görnüş.

ющая птица, возможно гнездящаяся в наших горах. На залетах может быть встречен в горных долинах, приморских районах, предгорьях, оазисах. Гнездо – плоская, просвечивающая постройка, помещается на деревьях довольно скрытно. В кладке 3-7, чаще 4-5 яиц, бледно-зеленоватого или желтовато-серого цвета с черно-бурыми и серыми пятнами. Питаются растительным кормом, птенцов кормят насекомыми.

Статус: редкий, слабоизученный у нас вид.

### 407. Arça paltatumşugy – *Mycerobas carnipes* – Арчевый дубонос

Meýdan alamatlary: sardan biraz ulurak, **deşli, ujy diş ýaly, örän küti çüňkli**. **Horazynyň kellesi, boýny, arkasynyň öňki bölegi, petekesi we döşi tutuk-gara.** Bili, guýrugynyň üsti, bedeniniň garyn tarapy we guýrugynyň aşagy ýaşylymtyl-sary. Ganatlary we guýrugy gara. **Ganatlary ak "aýnajykly".** Mäkiýany we ýaşlary solak reňkli we olarda gara derek – çal reňk. Çüňki çalymtyl-gara, aýaklary goňur. Sesi gagyldyly we gyjyrdyly gykylyk – "tiu-deryk". Ganaty – 110-130, guýrugy – 90-107, söbügi – 24-27, çüňki 18-24 mm, agramy – 55.5-62 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: göwresiniň ulydygy, guýrugynyň uzyndygy we ujynyň ak däldigi bilen paltatumşykdan tapawutlanýar. Üstki çüňkiniň ujy diş ýaly öňe çykýar.

Ýaýran ýerleri: Alynky we Orta Aziýanyň, Gimalaý, Gündogar Tibetde-daglyk oblastlary. Türkmenistanda – Uly Balkan, Köpetdag, Köýtendag.

Ýaşaýşy: oturymly guş. Daglaryň ýokarky kemerindäki arçalykda ýaşaýar. Höwürtgesini ýumşak, adatça, arça agajynyň üstünde gurýar. Aprel-maýda höwürtgeleýär. Ýylda iki gezek ýumyrtgalaýar. 3-5 sany melewşe-gonur çyzykly we çalymtyl-goňur menekli düşegi agymtyl reňkli ýumurtgalary goýýar. Iýunda jüýjeleýär. Ösümlikleriň, köplenç arçanyň tohumyny, şeýle-de mörmöjekleri iýýär. Suwa mätäçlik çekýär.

Statusy: amatly ýaşaýyş şertli ýerlerde adaty guş.

Полевые признаки: несколько крупнее скворца, **с массивным, очень толстым клювом**. **У самца голова, шея, передняя часть спины, зоб и грудь матово-черные**. Поясница, надхвостье, брюшная сторона тела и подхвостье зелено-вато-желтые. Крылья и хвост черные. **На крыле белое «зеркальце»**. Самка и молодые окрашены бледней и у них вместо черного цвета – серый. Клюв серовато-черный, ноги бурые. Голос – каркающий и скрипящий крик «тиу-дерык». На земле держатся редко, обычно, когда пьют. Крыло – 110-130, хвост – 90-107, цевка – 24-27, клюв 18-24 мм, вес – 55.5-62 г.

Сходства-отличия: в отличие от обыкновенного дубоноса крупнее, хвост удлиненный и без белого на конце. Край надклювья с выступающим зубцом.

Распространение: горные области Передней и Средней Азии, Гималаи, Восточный Тибет. В Туркменистане – Большие Балханы, Копетдаг, Койтендаг.

Образ жизни: оседлая птица. Обитает в арчевниках в верхнем поясе гор. Гнездо – рыхлая постройка, располагается, как правило, на арче. Гнездится – в апреле-мае. Возможно две кладки в году. В кладке 3-5 яиц, беловатого основного тона, с лилово-коричневыми штрихами и серовато-бурыми пятнами. Птенцы – в июне. Питаются семенами растений, преимущественно, арчи, а также насекомыми. Нуждается в водопое.

Статус: в подходящих местообитаниях обычная птица.

## Süleçiler – *Emberizidae* – Овсянковые

Däne bilen iýmitlenýän maýda guşlar maşgalasy. Açyk meýdan giňişliklerinde ýa-da gyrymsyly we gamyşly jeňňelliklerde ýaşaýar. Çüňki orta ölçeglerde, konuş görnüşli, ýöne onuň çowly ýa-da kütek uçly, gapdallaryndan gysylan, deşli bolmagy mümkin. Üstki çüňkiniň aşaky gyrasy aşaklygyna sähelçe egri. Üstki we aşaky çüňkleriniň gyralary içine tarap güýçli basylan. Aşaky çüňkiniň üstki gyrasy ýokarky çüňkiniň aşaky gyrasy bilen doly galtaşmaýar, olaryň arasynda köplenç yş (ýarçyk) emele gelýär. Ganatlary dürli görnüşde we uzynlykda bolýar. Guýrugy orta ölçeglerde, adatça oýuk. Görnüşleriniň käbiriniň kellesi kiçiräk hüpükli. Ýelek örtüginiň reňkine zolaklar we dik menekler, jüýjeleriň bolsa, bedeniniň garyn tarapyna dik çyzyklar häsiýetli. Jynsy we ýaş tapawut aýratynlyklary bolýar. Daryçylaryň aglabasy örän birmeňzeş owazda saýraýar. Höwürtgeleri okaraşekilli, gyrymsylarda ýa-da ýerde, käte ýarçyklarda

Семейство мелких зерноядных птиц. Обитают в открытых ландшафтах или среди зарослей кустарников и камышей. Клюв средних размеров, конический, но может быть острым или тупым, сжатым с боков, массивным. Нижний край надклювья слегка изогнут вниз. Края надклювья и подклювья сильно вдавлены внутрь. Нижний край подклювья не соприкасается полностью с верхним краем надклювья, между ними нередко образуется просвет. Крылья различной формы и длины. Хвост средних размеров, обычно выемчатый. У некоторых видов на голове небольшой хохол. В окраске оперения характерны полоски и продольные пятна. Для птенцов – продольные штрихи на брюшной стороне тела. Половые и возрастные различия имеются. Большинство овсянок поют очень однообразно. Гнезда чашевидные, в кустах или на земле, иногда в щелях или под ка-

ýa-da haýsy-da bolsa buky ýerlerde guryar. Köplenç ösümlikleriň däneleri we mör-möjekler bilen iýmitlenýär. Maşgalada 330-den gowrak görnüş, Amerikada, Ýewraziýada, Afrikada ýaýrandyr. Türkmenistanda – 15 görnüş.

ким-нибудь укрытием. Питаются, преимущественно, семенами и насекомыми. В семействе более 300 видов, распространены в Америке, Евразии, Африке. В Туркменистане – 15 видов.

### 408. Daryçy – *Milaria calandra* – Просянка

Meýdan alamatlary: serçeden azajyk ulurak, özgelere garanyňda gysga guýrukly we gelşikli beden gurluşly. Kellesi togalak. Çüňki gapdallaryndan güýçli gysylan, beýik we üstki hem aşaky çüňkiniň arasy açyk. Horazlary mäkiýanlaryndan reňkleri boýunça tapawutlanmaýarlar. **Ýelek örtüginiň umumy reňki dik garamtyl menekli goňurrak-sary. Bili goýy-goňur**. Ganatlary we guýrugy açyk gaýalan ýelekli goýy-goňur. Bedeniniň aşaky tarapy agymtyl, petekesi, döşi we böwri dik garamtyl menekli, bokurdagy garamtyl tegmiljikli. Bedeniniň gapdallary çyparrak-çalymtyl-goňurrak. Çüňki goňur, aýaklary açyk-goňur. Ýaşlary ulularyna meňzeş, ýöne umumy reňki has garamtylrak. Sesi özboluşly jyzzyldama. Saýraýşy gysga we birlabyzly jyzzyldama. Çagyryşy bölünp-bölünip çykýan, paltatumşugyňka çalymdaş batly sesler. Ýekelikde, jübüt we süri bolup gezýärler. Ganarty – 86.5-105, guýrugy – 61.5-80, söbügi – 23-26.5, çüňki 10.7-14.5 mm.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: göwresiniň uludygy, **umumy reňkiniň görksüz, ýagty öwüşginsiz, çalymtyl-goňurdygy** bilen beýleki süleçilerden tapawutlanýar. **Guýruk ýelekleri ak reňksiz**.

Ýaýran ýerleri: Günbatar, Günorta we Günorta-Gündogar Ýewropada, Demirgazyk Afrikanyň çetki raýonlary, Kiçi, Alynky we Merkezi Aziýa. Türkmenistanda – Uly Balkan, Köpetdag we olaryň etekleri, Tejen, Murgap, Amyderýanyň jülgeleri, Bathyz we Köýtendag.

Ýaşaýşy: oturymly guş. Düzlüklerde oazislerde dag sähra ýerlerinde ýaşaýar. Aprelde höwürtgeleýär. Höwürtgesini köplenç ýerde, seýrek gyrymsyda guryar. 5-6 sany gülgüne öwüşginli, goňur menekli we buýraly çalymtyl-ak ýumurtgalary goýýar, ölçegleri – 17-23 x 18-24 mm. Maýda juýjeleýär. Esasan, ýabany we medeni ösümlikleriň däneleri, tohumlary, şeýle-de mör-möjekler we ownuk oňurgasyzlar bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sanly, käbir ýerlerde adaty gus.

Полевые признаки: несколько крупнее воробья, компактного телосложения с относительно коротким хвостом. Голова округлой формы. Клюв высокий, сильно сдавленный с боков и с характерной щелью между надклювьем и подклювьем. Самцы и самки по окраске не различаются. **Общий цвет оперения буровато-желтый с темными продольными пестринками. Поясница темно-бурая**. Крылья и хвост темно-бурые со светлыми каймами перьев. Нижняя сторона тела беловатая, с темными продольными пестринами на зобе, груди, боках и темными крапинами на горле. Бока тела рыжевато-серо-буроватые. Клюв бурый, ноги светло-бурые. Молодые сходны со взрослыми, но общий тон окраски более темный. Голос – своеобразное циканье. Песня – короткая и однообразная трель. Позывка отрывистая, звонкая, похожа на дубоноса. Держится одиночно, парами и стайками. Крыло – 86.5-105, хвост – 61.5-80, цевка – 23-26.5, клюв – 10.7-14.5 мм.

Сходства – отличия: от других овсянок отличаются более крупными размерами, **окраска в целом невзрачная, серовато-бурая, без ярких тонов. В оперении хвоста отсутствует белый цвет**.

Распространение: Западная, Южная и Юго-Восточная Европа, крайние районы Северной Африки, Малая, Передняя и Средняя Азия. В Туркменистане – Большие Балханы, Копетдаг и его предгорья, долины Теджена, Мургаба, Амударьи, Бадхыз и, возможно, Койтендаг.

Образ жизни: оседлая птица. Обитает на равнинах, в оазисах на полях, в горах на степеподобных участках. Гнездится в апреле. Гнездо располагается чаще на земле, редко на кустах. Две кладки в году. В кладке 5-6 яиц серовато-белого цвета с розовым оттенком и бурыми пятнами и завитками. Размеры яиц – 17-23 x 18-24 мм. Птенцы – в мае. Питаются, преимущественно, семенами и побегами диких и культурных растений, а также насекомыми и мелкими беспозвоночными.

Статус: немногочисленная, местами обычная птица.

### 409. Akdepeli süleçi – *Emberiza leucocephala* – Белошапочная овсянка

Meýdan alamatlary: serçe ululykda. Cüňki kiçiräk, goňur reňkli. Guýrugy oýuk. Horazynyň ýaňagy ak we goňras-goňur, kellesi ak "telpekjikli", **depesiniň gapdallary gara zolakly**. Arkasy goňurrak-gara menekli melemtil-goňur. **Bili açyk çypar reňkli**. Ganatlarynyň we guýrugynyň ýelekleri ýagty gaýalan goňur, guýrundaky uly ak tegmiller onuň ýelekleriniň has köp bölegini düzýär. **Döşi, bedeniniň gapdallary we garnynyň ýokarky bölegi çyparrak-goňras**, garyn tarapynyň galan bölegi çalymtyl-ak. Aýaklary goňur. Mäkiýany horazyna meňzeş, ýöne kellesindäki ak reňk az we inli hem-de ýygy-ýygy gara menekleri

Полевые признаки: размером с воробья. Клюв небольшой, бурого цвета. Хвост выемчатый. У самца белые щеки и каштаново-коричневая голова с белой "шапочкой", **по бокам которой черные полоски**. Спина буровато-коричневая с буровато-черными пестринами. **Поясница ярко-рыжая**. Крылья и хвост бурые со светлыми каймами перьев, большие белые пятна на перьях хвоста составляют более их половины. **Грудь, бока тела и верхняя часть брюшка рыжевато-каштановые**, остальная брюшная сторона серовато-белая. Ноги бурые. Самка сходна с самцом, но

bolýar. Arkasynyň reňki öçügsi. Bokurdagy kirliräk öwüşginde goňras reňkli. Ýaşlary mäkiýanlaryna çalymdaş, ýöne ýelekleriniň reňki öçügsi, kellesindäki we petekesindäki ak reňkler çala bildirýär. Garyn tarapy kirliräk-ak. Sesi pessaýja –“sik-sik”. Saýraýşy – “dzin-zin-tiii”. Adatça süri bolup gezýär. Ganaty – 57-66 mm, agramy – 20-30 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: **kellesindäki ak “telpejigi” bilen** beýleki süleçilerden tapawutlanýar. **Ýelek örtüginiň umumy reňki goňur**. Bokurdagy we petekesiniň gapdallary goňras. Bedeniniň gapdaly uly dik menekli. Guýrugy ak goşundyly reňkli.

Ýaýran ýerleri: Aziýada höwürtgeleýän oblastlary – Uraldan Kolyma we Uzak Gündogara çenli, Merkezi Aziýa (Nanşan we Týanşan) çenli. Türkmenistanda – güýz-gyş döwründe, esasan derýa jülgelerinde we dag eteklerinde. Orta Aziýanyň günortasynda, Ýakyn Gündogarda, Gimalaý daglarynyň eteklerinde we Aziýanyň günorta-gündogar oblastlarynda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän we gyşlaýan guş. Käte beýleki süleçiler bilen bileleikde gezýär. Ýabany ösümlikleriň tohumlary, seýrek mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sanly görnüş.

на голове белого цвета меньше и черные пестринки шире и чаще. Окраска спины тусклая. Горло каштанового цвета с грязноватым оттенком. Молодые похожи на самок, но окраска оперения тусклее, белый цвет на голове и зобе едва заметен. Брюшная сторона грязно-белая. Голос – негромкое «цик-цик». Песня – «дзинь-зинь-тиии». Держатся обычно стаями. Крыло – 57-66 мм, вес 20-30 г.

Сходства-отличия: в отличие от других овсянок **на голове белая “шапочка”. Общая окраска оперения коричневая**. Хвост с примесью белого цвета.

Распространение: области гнездования в Азии – от Урала до Колымы и Дальнего Востока, Центральная Азия (до Наньшаня и Тяньшаня). В Туркменистане – в осенне-зимний период, в основном, по долинам рек и предгорьям. Зимуют на юге Средней Азии, Ближнем Востоке, в предгорьях Гималаев и юго-восточных областях Азии.

Образ жизни: пролетная и зимующая птица. Держатся иногда вместе с другими овсянками. Питаются семенами диких растений, реже насекомыми.

Статус: немногочисленный вид.

### 410. Adaty süleçi – *Emberiza citrinella* – Обыкновенная овсянка

Meýdan alamatlary: serçe ölçegli, ýöne göwresi has uzalan. Horazynyň kelleli, bokurdagy we döşi sary, arkasy garamtyl bellikli goňurrak-çyparrak reňkli. **Bili goňrrak-çypar**. Ganatlary we guýrugy goýy-goňur, ýelekleri çalymtyl-ýaşylymtyl gaýalan. Çüňki we aýaklary goňur. Mäkiýany ho-

Полевые признаки: размером с воробья, но более удлиненной формы. Самец с желтой головой, горлом и грудью, спина коричневато-рыжеватая с темными отметинами. **Поясница коричнево-рыжая**. Крылья и хвост темно-коричневые с серо-зеленоватыми окаймления-



razyna çalymdaş, ýöne sary reňki has öçügsi we ýukajyk ýaşylymtyl öwüşginli. Ýaş guşlar mäkiýana çalymdaş, ýöne sary reňk biraz tutuk, döşündäki menekler goňürrak-çal. Saýraýşy sesleriň gaýtalanmalary – “syn-zyn-syn-zyn” we dowamly “sžiii” bilen gutarýar. Esasan, süri bolup gezýärler. Ganarty – 80-96, guýrugy – 64-82, söbügi – 18-20, çüňki –8-11 mm, agramy – 26.5-40 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: ölçegleriniň beýlekilere garanyňda ulurakdygy, ýelek örtüginde, **aýratynda kellesinde sary reňkiň** agdyklyk edýändigi, biliniň goňurdygy bilen beýleki süleçilerden tapawutlanýar. Bedeniniň garyn tarapy akdepeli süleçiden we daryçydan tapawutlylykda sary.

Ýaýran ýerleri: Ýewropanyň we Kawkazyň hemme ýerleri diýen ýaly, gündogara Baýkal kölüne çenli. Türkmenistanda – güýz-gyş döwründe daglarda, dag eteklerinde we oazislerde. Ortaýer deňzinde, Demitgazyk-Günbatar Afrikada, Günorta-Günbatar we Günorta-Gündogar Aziýada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän, käte seýrek gyşlaýan guş. Ýazki migrasiýasy martda, güýzkisi – oktýabr-noýabrda. Haşal otlaryň we medeni ösümlikleriň tohumlary, ýabany otjumak ösümlikleriň ýaşyl pudajyklary, seýregräk mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: uçup geçende seýrek, käbir ýerlerde az sanly görnüş.

ми перьев. Клюв и ноги бурые. Самка похожа на самца, но желтый цвет выражен более тускло и имеет легкий зеленоватый оттенок. Молодые птицы похожи на взрослых самок, но желтый цвет менее яркий, пестринки на груди коричневато-серые. Песня – повторяющиеся звуки «цын-зын-цын-зын», заканчивается протяжным «цжиии». Держатся, в основном, стайками. Крыло – 80-96, хвост – 64-82, цевка – 18-20, клюв – 8-11 мм, вес – 26.5-40 г.

Сходства – отличия: в отличие от других овсянок сравнительно крупные размеры, в окраске оперения преобладают **желтые цвета, особенно, на голове**, а поясница коричневая. В отличие от белошапочной овсянки и просянки брюшная сторона тела желтая.

Распространение: почти вся Европа и Кавказ, на восток до Байкала. В Туркменистане – в осенне-зимнее время в горах, предгорьях и оазисах. Зимовки – в Средиземноморье, Северо-Западной Африке, Юго-Западной и Юго-Восточной Азии.

Образ жизни: пролетная, изредка зимующая птица. Весенняя миграция в марте, осенняя – в октябре-ноябре. Питаются семенами сорняков и культурных растений, зелеными побегами дикорастущих трав, реже насекомыми.

Статус: на пролете редкий, местами немногочисленный вид.

### 411. Stýuartyň süleçisi – *Emberiza stewarti* – Овсянка Стюарта

Meýdan alamatlary: serçeden biraz kiçi. Horazynyň ýazyna kellesi çalymtyl-gara gapma-garşy reňli. **bedeniniň üsti, ýaňaklary we**

Полевые признаки: несколько мельче воробья. Весной самец с контрастно окрашенной серо-черной головой, **верх головы, щеки и**

**boýny çal. Gaşy, göziniň yzyndaky zolak we bokurdagy gara. Petekesi açyk-çal ýa-da ak. Döşi kese poslygoňur zolakly**. Arkasy we bedeniniň gapdallary garamtyl dik menekli poslyrak-goňur. Bili poslyrak-goňur. Güýzki ýelek örtüginde ýelekleriň inli ýagty gaýmalary kellesindäki çal we döşüni poslyrak-çypar reňk örtýär. Çüňki goňur, aýaklary açyk-goňur. Mäkiýanlaryň we ýaşlaryň bedeniniň üsti goňurrak-çalymtyl, aşagy garamtyl dik menekli çyparrak-agymtyl. Çünki açyk-goňur. Ýaş horazlar ululara çalymdaş, ýöne kellesi goňurrakçalymtyl-ýaşylymtyl. Bokurdagy gara, döşündäki insiz zolak goňras. Ýaş mäkiýanlar ululardan arkasynyň we bedeniniň garyn tarapynyň çyparrak reňki bilen tapawutlanýar. Bili goňurrak-çyparrak reňkli. Sesi pessaý – "sirk-sirk". Höwürtgelemeýän döwründe jübüt we süri bolup gezýär. Saýraýşy owazly saslerden durýar. Ganarty – 72-84, guýrugy – 64-75, söbügi – 17-19, çüňki – 9-10.2 mm, agramy – 15-19 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: kellesiniň üstüniň çaldygy we gapdallaryny gara zolagyň jähekleýändigi bilen beýleki süleçilerden tapawutlanýar. Petekesi açyk reňkli, bokurdagy gara, döşi kese poslyrakgoňur zolakly.

Ýaýran ýerleri: Alynky we Orta Aziýanyň, Günbatar Gimalaý daglary. Türkmenistanda – diňe Köýtendag.

Ýaşaýşy: dag guşy, seýrek arçalyklarda höwürtgeleýär.

Statusy: seýrek, heniz öwrenilmedik görnüş, Köýtendag döwlet goraghanasynyň täsin wekilleriniň biri.

**шея серые. Бровь, полоса за глазом, и горло черные. Зоб светло-серый или белый. На груди ржавчато-бурая поперечная полоса**. Спина и бока тела ржавчато-бурые с темными продольными пятнами. Поясница ржавчато-рыжая. В осеннем оперении широкие светлые окаймления перьев прикрывают серый цвет на голове и ржавчато-рыжий на груди. Клюв бурый, ноги светло-бурые. У самок и молодых верх тела коричневато-сероватый, низ рыжевато-беловатый с темными продольными пестринами. Клюв светло-бурый. Молодые самцы похожи на взрослых, только голова буровато-серо-зеленоватая. Горло черное, на груди каштановая полоса узкая. Молодые самки отличаются от взрослых рыжеватым цветом спины и брюшной стороны тела. Поясница буровато-рыжеватая. Голос – негромкое «цирк-цирк». В негнездовое время держится парами и стайками. Песня – звонкая трель. Крыло – 72-84, хвост – 64-75, цевка – 17-19, клюв – 9-10.2 мм, вес – 15-19 г.

Сходства-отличия: в отличие от других овсянок верх головы серый, окаймленный по бокам черной полосой. Зоб светлый, горло черное, на груди ржавчато-бурая поперечная полоса.

Распространение: в горах Передней и Средней Азии, Западные Гималаи. В Туркменистане – только Койтендаг.

Образ жизни: горная птица, гнездится в арчевом редколесье.

Статус: редкий, почти неизученный вид, один из наиболее интересных представителей Койтендагского заповедника.



## 412. Dag süleçisi – *Emberiza cia* – Горная овсянка

Meýdan alamatlary: serçeden sahelçe ulurak ganatlary we guýrugy özgelere görä uzyn. Üstki çüňkdäky egmek gyşygy anyk saýlanýar. **Kellesiniň üsti çal, gapdallary bolsa, inli gara zolakly. Gözüniň yzy we bokurdagynyň gapdallary gara zolakly. Bokurdagy, petekesi we döşüniň ýokarky bölegi çal**. Arkasy inli gara menekli poslurak-gorňur. Bili poslurakçypar. Ganatynyň we guýrugynyň yelekleri ak nagyşly goňurrak-gara. Guýrugynyň çetki ýelekleri ak uçly. **Garny we guýrugynyň aşagy poslyrak-çypar reňkli**. Ýelekleri güýzine çalymtyk inli jäheklenen. Çüňki goýy-goňur, aýaklary – açykgoňur. Mäkiýany horazyna meňzeş, ýöne sähelçe tutugsy we agymtyl. Kellesiniň gapdallaryndaky gara zolaklar anyk tapawutlanmaýar. Ýaşlary mäkiýanlara çalymdaş, ýöne agymtyl we tutuk, kellesiniň gapdallarynda gara we ak zolaklar ýok ýa-da olar açyk-goňur reňkli. Çagyryş sesi inçe jyzzyldama. Saýraýşy gysga jikgildeme. Süri bolup gezýär. Ganaty – 70-94, guýrugy – 73-90, söbügi – 18-22, çüňki –9-12 mm, agramy – 20–29.9 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: **kellesiniň gapdallarynyň gara zolaklydygy** bilen beýleki süleçilerden tapawutlanýar. Depesiniň ortasy bir reňkli, çal. Ölçeginiň ulurakdygy, reňkiniň has açykdygy bilen gaýry süleçiden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Günorta Ýewropa, Demirgazyk-Günbatar Afrika, Kiçi, Alynky, Orta we Merkezi Azianyň daglyk etraplary, Gunorta Gimalaý daglary. Türkmenistanyň daglyk

Полевые признаки: несколько крупнее воробья с относительно длинными крыльями и хвостом. Излом на надклювье хорошо выражен. **У самца верх головы серый, с широкими черными полосами по бокам головы. Полоса за глазом и по бокам горла черные. Горло, зоб и верхняя часть груди серые**. Спина ржавчато-бурая с черными широкими пестринами. Поясница ржавчато-рыжая. Крылья и хвост буровато-черные с белыми окаймлениями перьев. Крайние перья хвоста с белыми концами. **Брюхо и подхвостье ржаво-рыжего цвета**. Осенью перья с широкими сероватыми окаймлениями. Клюв темно-бурый, ноги светло-бурые. Самка сходна с самцом, но немного тусклее и бледнее. Черные полоски по бокам головы резко выделяются. Молодые похожи на самок, но бледнее и тусклее, черных и белых полос по бокам головы нет или они светло-бурого цвета. Позывка – тонкое циканье. Песня – короткое щебетание. Держится стайками. Крыло – 70-94, хвост – 73-90, цевка – 18-22, клюв – 9-12 мм, вес – 20-29.5 г.

Сходства – отличия: в отличие от других овсянок **по бокам головы продольные черные полосы**. Середина темени одноцветная, серая. В отличие от скальной овсянки окраска более яркая, размером крупнее.

Распространение: Южная Европа, Северо-Западная Африка, горные районы Малой, Передней, Средней и Центральной Азии, Юж-

ýerlerinde Uly we Kiçi Balkan, Köpetdag, Gunbatar Bathyz, Garabil hemde Köýtendagda.

Ýasaýşy: oturymly, dikligine göçüp-gonma hereketlerini geçirýän guş. Daglaryň arçalyk zolagyndaky eňňitlerde we derelerde ýaşaýar. Aprelde höwürtgeleýär. Ýylda iki gezek ýumurtga goýýan bolmagy mümkin. Adatça höwürtgesi ýerde, 4-5 sany melewşe-çal we garamtyl-goňur menekli çalymtyl-ak ýumurtgalary goýýar. Maý-iýunyň üçünji ongünlüginde jüýjeleýär. Ýabany we medeni ösümlikleriň tohumlary, şeýle-de mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: birsyhly ýaýrawy bolmadyk adaty guş.

ные Гималаи. В Туркменистане также горные районы – Большие и Малые Балханы, Копетдаг, Западный Бадхыз, Карабиль, Койтендаг.

Образ жизни: оседлая птица, совершающая вертикальные кочевки. Обитает на горных склонах и ущельях, в арчевой зоне. Гнездится в апреле. Возможно две кладки в году. Гнезда, обычно, на земле, в кладке 4-5 серовато-белых с лилово-серыми и черно-бурыми пятнами яиц. Птенцы – в третьей декаде мая-июне. Питаются семенами дикорастущих и культурных растений, а также насекомыми.

Статус: обычная птица со спорадическим распространением.

### 413. Bag süleçisi – *Emberiza hortulana* – Садовая овсянка

Meýdan alamatlary: serçe ululykda. **Gözüniň töweregi ak halkaly, kellesi we döşi açyk-çalymtyl-ýaşylymtyl, "murty" sary reňkli**. Guýrugy ýalpak oýuk we tegelenen. Döşi goýy-çal ýaşylymtyl ýokundyly çal. Arkasy garamtyl menekli çyparrak-goňur. **Bili sarymtylrak öwüşginli çalymtyl-goňur. Garny we guýrugynyň aşagy goňurrak-goňras**. Ganatlary çyparrak-çalymtyl gaýalan ýelekli goýy-goňur. Guýrugy goýy-goňur, gyralary uly ak tegmilli. Çüňki we aýaklary gyzylymtyl. Mäkiýanlary horazlaryna çalymdaş, ýöne kellesiniň üsti garamtyl dik menekli goňurrak öwüşginli, umuman mäkiýanlary goňur reňkde. Ýaşlary mäkiýanlaryna çalymdaş, ýöne kellesiniň üsti goýy-goňur, arkasynda we garnynda menekleri köpelýär. Sesi üşegenjä çalymdaşlyk edýär, pessaýja – "siw-siw". Saýraýşy – "týur-týur-týur-týuurr". Ganaty – 80-92, guýrugy – 60-75, söbügi – 18.5-20.7, çüňki –9-11 mm, agramy – 21–23.5 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: **gözüniň töweregindäki açyk-sary halkasy** bilen süleçileriň ählisinden tapawutlanýar.

Ýaýran ýerleri: Ýewropada, demirgazyk böleginden başga ýerlerde, Demirgazyk Gazagystanda, Günorta Sibirde we bölekleýin Merkezi, Orta we Alynky Aziýada höwürtgeleýär. Türkmenistanda Köpetdagda höwürtgeleýär, galan ýerlerde uçup geçýän döwründe duşýar. Merkezi Afrikada gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän we höwürtgeleýän guş. Ýazky migrasiýasy aprelden maýyň ortasyna, güýzküsi awgustdan sentýabryň ortasyna çenli. Adatça, daglaryň otluk-gyrymsy agaçly eňňitlerinde, dagdaky derýajyklaryň we çeşmeleriň golaýlarynda gezýär. Iýunda jüýjeleýär. Dürli haşal otlaryň tohumlary we ösümlikleriň pudajyklary, şeýle-de mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sanly, käbir ýerlerde uçup geçende adaty guş.

Полевые признаки: размером с воробья. Вокруг глаз светлое кольцо**, голова и грудь светло-серо-зеленоватые, «усы» желтого цвета**. Хвост слабо выемчатый и закругленный. Спина рыжевато-бурая с темными пестринками. Поясница серовато-бурая с желтоватым оттенком. **Брюшко и подхвостье буровато-каштановые**. Крылья темно-бурые с рыжевато-сероватыми каемками перьев. Хвост темно-бурый, по краям с большими белыми пятнами. Клюв и ноги красноватые. Самки похожи на самцов, но верх головы с коричневатым оттенком, с темными продольными пестринками, в целом, самки бурой тональности. Молодые похожи на самок, но с темно-коричневым верхом головы и развитыми пятнами на спине и брюшке. Голос чем-то схож с зябликом – негромкое «цив-цив». Песня – «тюр-тюр-тюр-тьюрр». Крыло – 80-92, хвост – 60-75, цевка – 18.5-20.7, клюв – 9-11 мм, вес – 21-23.5 г.

Сходства – отличия: отличается от всех овсянок **светло-желтым кольцом вокруг глаз**.

Распространение: гнездится в Европе, кроме северных частей, Северном Казахстане, Южной Сибири и, частично, в Центральной, Средней и Передней Азии. В Туркменистане гнездится в Копетдаге, в остальных местах может быть встречена на пролете. Зимует в Центральной Африке.

Образ жизни: пролетная и гнездящаяся птица. Весенняя миграция – в апреле до середины мая, осенняя – в августе до середины сентября. Держатся обычно по горным склонам с травянисто-кустарниковыми зарослями, вблизи горных речек и родников. Птенцы – в июне. Питаются семенами различных сорняков и побегами растений, а также насекомыми.

Статус: немногочисленная, на пролете местами обычная птица.

### 414. Gaýa süleçisi – *Emberiza buchanani* – Скальная овсянка

Meýdan alamatlary: serçe ululykda. **Kellesiniň üsti we boýny çala görünýän garamtyl menekli çal. Ýaňaklary goňurrak-çal**. Arkasy garamtyl dik menekli çyparrak-çal. Bili meneksiz çyparrak-çal. **Bokurdagy we petekesiniň ýokarky bölegi agymtyl, petekesiniň gapdallary çal ýokundyly. Petekesi, döşi, garny we guýrugynyň aşagy solak çyparrak-goňur**. Ganat we guýruk ýelekleri çyparrak gaýalan goýy-goňur. Çüňki we aýaklary edil bag

Полевые признаки: размером с воробья. Верх головы и шеи серые с едва заметными темными отметинами. **Щеки буровато-серые** Спина рыжевато-серая с темными продольными пестринами. Поясница рыжевато-серая без пестрин. **Горло и верхняя часть зоба беловатые, с серым налетом на боках зоба. Зоб, грудь, брюхо и подхвостье бледно рыжевато-бурые, бледнеющие к подхвостью**. Крылья и хвост темно-бурые с рыжеватыми окаймлениями

süleçisiniňki ýaly gyzylymtyl. Mäkiýany horazyna meňzeş, ol reňk öwüşgininiň has tutukdygy we kellesiniň depe böleginiň garamtyl meneklidigi bilen tapawutlanýar. Ýaş guşlaryň kellesinde we arkasynda has güýçli ösen çypar öwüsgini we gara menekleri bolýar. Sesi pessaýja "sik-sik", saýraýşy adaty ýa-da bag süleçisine meňzeş, başgalaryna garanyňda güýçli owazly – "týurrii-týurrii". Ganarty – 79-90, guýrugy – 63-76, söbügi – 18-20, çüňki –9-11 mm, agramy – 19–22 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: bag süleçisine çalymdaş, ýöne sähelçe kiçi, bokurdagynyň akdygy bilen beýleki süleçilerden tapawutlanýar. Garny çyparrak-goňur. "Myrty" açyk reňkli, ýöne sary däl.

Ýaýran ýerleri: Kawkazyň, Alynky, Ortaky we Merkezi Aziýanyň daglyk oblastlary. Türkmenistanda – Uly we Kiçi Balkan daglary, Köpetdag, Günbatar Bathyz, Köýtendag. Hindistanda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän we höwürtgeleýän guş. Ýazky migrasiýasy aprel-maýda, güýzkisi awgust-sentýabrda. Gurak, açyk giňişlikli dag eňňitlerinde gezýärler. Maýyň birinji ongünliginden tä iýunyň birinji ongünligine çenli höwürtgeleýär. Höwürtgesini ýerde gurýar. 3-6 sany goňur we çal meneklije mawumtyl-ýaşyl ýumurtgalary goýýar. Maýyň we iýunyň soňky günlerinde jüýjeleýär. Dürli ösümlikleriň tohumlary, şeýle-de mör-möjekler bilen iýmtlenýär.

Statusy: az sanly, bölekleýin ýaýrawly guş.

перьев. Клюв и ноги розоватые как у садовой овсянки. Самка сходна с самцом, отличается более тусклым тоном окраски и темными пестринами на верхней части головы. У молодой птицы на голове и спине сильно развиты рыжий тон и темные пестрины. Голос – негромкое «цик-цик», песня схожа с обыкновенной или садовой овсянкой – относительно звонкая трель «тюррии-тюррии». Крыло – 79-90, хвост – 63-76, цевка – 18-20, клюв – 9-11 мм, вес – 19-22 г.

Сходства – отличия: похожа на садовую, но чуть меньше, в отличие от других овсянок горло беловатое. Брюшко рыжевато-бурое. «Усы» светлые, но не желтые.

Распространение: горные области Кавказа, Передней, Средней и Центральной Азии. В Туркменистане – Большие и Малые Балханы, Копетдаг, Западный Бадхыз, Койтендаг. Зимует в Индостане.

Образ жизни: пролетная и гнездящаяся птица. Весенняя миграция в апреле-мае, осенняя – в августе-сентябре. Держится стайками по открытым, сухим горным склонам. Гнездится с первой декады мая до первой декады июня. Гнезда на земле. В кладке 3-6 голубовато-зеленых с бурыми и серыми пятнами яиц. Птенцы – в последних числах мая и в июне. Питаются семенами различных растений, а также насекомыми.

Статус: немногочисленная птица со спорадическим распространением.

### 415. Gamyş süleçisi – *Emberiza schoeniclus* – Тростниковая овсянка

Meýdan alamatlary: serçe ölçeginde, ýöne sähelçe kiçi we gelşikli bedenli. Çüňki deşli, gara. **Horazynyň kellesi, bokurdagy we petekesi gara, "boýunbagy" we "murty" ak**. Arkasy gara uly tegmilli we çyparrak jähekli sarymtyl-poslurak reňkli. **Guýrugynyň üsti goňurrak-çal**. Ganatlary we guýrugy açyk ýa-da çypar gaýalan garamtyl-goňur ýelekli. Kellesindäki we bokurdagyndaky gara nagyşlar güýzki ýelek örtüginde çyparrak ýokundyly bolýar. Mäkiýanyň kellesinde gara nagyşlar ýok, ýaňagynyň aşagyndaky zolak we bokurdagy kirliräk-ak. Ýaşlary mäkiýana çalym edýär, ýöne arkasy has goýy-çypar reňkli. Aýaklary goňur. Çagyryş sesileri pessaýja "sii-siik" ýa-da "ssiiiw". Saýraýşy batly – "şri-şri-tiri-tiri" ýa-da "ti-ti-tiri". Ganarty – 69-86, guýrugy – 59-85, söbügi – 18-21, çüňki – 7-10 mm, agramy – 16.6–23.5 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: reňki, aýratyn-da horazlarynyň reňkiniň anykdygy bilen oňat tapawutlanýar, şoňa baglylykda olary bizdäki beýleki daryçylar bilen bulaşyrmak örän kyn.

Ýaýran ýerleri: höwürtgeleýän çäkleri giň – Ýewraziýanyň, demirgazyk we demirgazyk-gündogardan başga, hemme ýerlerinde. Türkmenistanda derýalaryň jülgelerinde, we dag derelerinde, dag eteklerinde we oazislerde. Günbatar we Günorta Ýewropada, Kawkazda, Kiçi, Alynky we Orta Aziýada, Päkistanyň we Hindistanyň demirgazygynda, Günorta Hytaýda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän, gyşlaýan, käbir ýerlerde höwürtgeleýän guş. Ýazky migrasiýasy mart-aprelde, güýzkisi – oktýabr-noýabrda. Esasan, derýalaryň we kölleriň kenaryndaky gamyşly jeňňelliklerde gezýär.

Полевые признаки: размером почти с воробья, но чуть меньше и стройнее. Клюв массивнее, черный. **У самца голова, горло и зоб черные, «ошейник» и «усы» белые**. Спина желтовато-ржавчатая с крупными черными пятнами и рыжими окаймлениями. **Надхвостье буровато-серое**. Крылья и хвост темно-бурые со светлыми или рыжими оаймлениями перьев. В осеннем оперении черный цвет на голове и горле приобретает рыжеватый налет. У самки отсутствует черный рисунок на голове, полоса под щеками и горло грязно-белые. Молодые похожи на самку, но с более темно-рыжей спиной. Ноги бурые. Позывка – негромкое «ции-цик» или «цсииив». Песня – довольно громкое «шри-шри-тири-тири» или «ти-ти-тири». Крыло – 69-86, хвост – 59-85, цевка – 18-21, клюв – 7-10 мм, вес 16.6-23.5 г.

Сходства – отличия: хорошо отличается окраской, в особенности выраженной у самцов, благодаря которой очень трудно спутать с другими нашими овсянками.

Распространение: область гнездования обширна – почти вся Евразия, исключая север и северо-восток. В Туркменистане – речные и горные долины, предгорья и оазисы. Зимует в Западной и Южной Европе, на Кавказе, в Малой, Передней и Средней Азии, на севере Пакистана и Индии, в Южном Китае.

Образ жизни: пролетная, зимующая, местами гнездящаяся птица. Весенняя миграция – в марте-апреле, осенняя – в октябре-ноябре. Держится, в основном, среди камышовых зарослей по берегам рек и озер. Питается семенами растений, а также насекомыми.

Ösümlikleriň tohumlary, şeýle-de mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Statusy: az sanly, güýzüne-gyşyna adaty guş.

Статус: немногочисленная, в осенне-зимний период обычная птица.

### 416. Garabaş süleçi – *Emberiza melanocephala*– Черноголовая овсянка

Meýdan alamatlary: adaty süleçiden sähelçe ulurak, serçe ýaly. Çüňki başgalara garanyňda uly we göni, goňurrak reňkli. Guýrugy çalaja oýuk. Horazynyň ýelek örtügi anyk meneklenmedik, ol kellesindäki **"telpejiginiň" garadygy** we **bokurdagynyň açyk-sarydygy** bilen aňsat tanalýar; arkasy goňras, bedeniniň aşagy tutuşlygyna sary. **Mäkiýany goňurrak, aýratyn-da kellesi**, bedeniniň üsti dik garamtyl we insiz me-nekli; aşaky tarapy melemtil-sarymtyl, aýratyn-da guýrugynyň aşagy. Ýaşlary mäkiýanyna çalym edýär, emma garyn tarapy has agymtyl. Çagyryş sesi "sit-sit-sit" ýa-da ýumşaksy, ýone kesilip-kesilip çykýan "sit". Saýraýşy sesli jyrlama – "sýu-pýu-ui". Horazlarynyň ganaty – 88-97, mäkiýanlarynyňky – 80-88 sm, agramy - 29-33 g.

Meňzeşlikleri–tapawutlary: horazlary beýleki süleçilerden kellesiniň garadygy, bokurdagynyň we petekesiniň açyk sarydygy bilen tapawutlanýar, mäkiýanlary sary bilbiliň mäkiýanyna çalymdaş. Bizde duşýan süleçileriň arasynda reňkleriň şeýle utgaşykda duşýanlary ýok.

Ýaýran ýerleri: Günorta-Gündogar Ýewropada, Kawkazda, Kiçi we Alynky Aziýanyň günbatarynda . Demirgazyk Hindis-tanda gyşlaýar. Türkmenistanda Etrek derýasynyň aşaky akymynda we Kopetdagda duşýar.

Ýaşaýşy: uçup gelýän-höwürt-

Полевые признаки: размером с воробья, чуть крупнее обыкновенной овсянки. Клюв сравнительно большой и прямой буроватого цвета. Хвост слегка выемчатый. Оперение самцов без выраженных пестрин, их **легко определить по черной «шапочке»** на голове **и контрасту с ярко-желтым горлом;** спина каштановая, весь низ тела желтый. **Самки буроватые, особенно голова**, с узкими и продольными, темными пестринами на верхней стороне тела; снизу – кремово-желтого цвета, особенно подхвостье. Молодые схожи с самками, но низ значительно светлее. Позывка – «цит-цит-цит», или мягкое, но отрывистое «ци». Песня – звучная трель – «цью-ри-уи». Крыло самцов – 88-97, самок – 80-88 мм, вес – 29-33 г.

Сходства-отличия: от других овсянок самцы отличаются черной головой и ярко-желтым горлом и зобом, самки очень схожи с самками желчных овсянок. У других наших овсянок такие цветовые вариации отсутствуют.

Распространение: в Юго-Восточной Европе, на Кавка-зе, в Малой и на западе Передней Азии. Зимует в Северной Индии. В Туркменистане – в низовьях Этрека и в Копетдаге.

Образ жизни: прилетно-гнездящийся вид. Прилетает в конце апреля – начале мая, отлетает в



geleýän görnüş. Apreliň aýagynda maýyň başynda uçup gelýär, awgustyň ahyrynda uçup gidýär. Gyrymsyly meýdançalaryň açyk ýerlerinde saklanýar. Maý aýynda höwürtgeleýär, gyrymsy agaçlarda ýumurtga goýýar, olaryň ölçegleri ortaça 22 x 16 mm. Reňki – çalymtyl-gögümyil, ak ýa-da mawy goňur tegmilli ýa-da açyk asman reňkli. Ýaşlary iýul aýynyň ikinji ýarymynda gabat gelýär. Haşal otlaryň, seýregräk medeni ösümlikleriň däneleri bilen iýmitlenýärler, mör-möjekleri, aýratyn-da jüýjelerini iýmitlendirýän wagtlary çokýarlar.

Statusy: az sanly, ýaýran ýerleri çäkli guş.

конце августа. Придерживается открытых кустарниковых участков. Гнездится в мае, гнезда устраивает на кустах. В кладке обычно 4-6 яиц, варьирующих по размерам, в среднем, 22 х 16 мм, и по окраске. Цвет – белый или голубой, или бледно-голубой с серовато-фиолетовыми и бурыми пятнышками. Молодые встречаются во второй половине июля. Питаются семенами сорных, реже культурных растений, добывают и насекомых, особенно во время выкармливания птенцов.

Статус: немногочисленная птица с ограниченным распространением.

### 417. Sary bilbil – *Emberiza bruniceps* – Желчная овсянка

Meýdan alamatlary: serçe ölçeginde, adaty süleçiden sähelçe kiçi. Çüňki uly we göni. Guýrugy ýalpak oýuk. **Kellesindäki, bokurdagyndaky we petekesindäki açyk-goňur reňki boýunça aňsat tanalýar**. Arkasy garamtyl-gönür menekli ýaşylymtyl-sary. Ganatlary we guýrugy goňur öwüşginli. **Bedeniniň garyn tarapy we bili sary**. Güýzine inli çal jäheklenen ýelek örtükli. Mäkiýanda goňurrakçäge öwüşgini agdyklyk edýär. Kellesiniň üsti goňurrak görnüşde. Bili we guýrugynyň üsti garamtyl dik menekli goňurrak-ýaşylymtyl-çal. Ýaşlary mäkiýana çalymdaş, ýone çyparrak ýokundyly, petekesi we döşi garamtyl menekli. Çüňki melemtil, üstkisi– goňur reňkli. Aýaklary gyzylymtyl-goňur. Çagyryş sesi batsyzrak – "sik-sik". Saýraýşy labyzly owaz sesleri – "çut-çut-çut-tri-uri-uri". Ga-naty – 75-90 mm, agramy –

Полевые признаки: размером с воробья, чуть меньше обыкновенной овсянки. Клюв большой, прямой. Хвост слегка выемчатый. Самца легко узнать по ярко-коричневой окраске головы, горла и зоба. Спина зеленовато-желтая с черно-бурыми пестринами. Крылья и хвост бурых оттенков. Брюшная сторона тела и поясница желтые. Осенью оперение с широкими серыми окаймлениями перьев. У самки преобладают коричневато-песочные тона. Верх головы с коричневатым оттенком. Поясница и надхвостье буровато-зеленовато-серые с темными продольными пестринами. Молодые похожи на самку, но с рыжеватым налетом и с темными пятнами на зобе и груди. Клюв буроватого цвета с коричневым надклювьем. Ноги красновато-бурые. Позывка – негромкое «цик-цик». Песня – звонкая трель –

21-29 g.

Meňzeşlikleri-tapawutlary: kellesiniň, bokurdagynyň we petekesiniň açyk-goňur reňklidigi, guýrugynyň üstüniň sarydygy bilen beýleki süleçilerden tapawutlanýar; bizdäki beýleki daryçylaryň arasynda şeýle öwüşginlisi gabat gelmeýär.

Ýaýran ýerleri: Alynky we Orta Aziýada, Gazagystanda we Günorta-Günbatar Sibirde höwürtgeleýär. Türkmenistanda uçup geçýän döwründe hemme ýerlerde, höwürtgelände daglaryň derelerinde we derýalaryň jülgelerinde, oazislerde, dag eteklerinde we deňiz kenarynda gabat gelýär. Hindistanda gyşlaýar.

Ýaşaýşy: uçup geçýän we höwürtgeleýän guş. Ýazky migrasiýasy aprel - maýda, güýzküsi awgust - sentýabrda. Dürli otjumak ösümlikli seýrek gyrymsyly açyk ýerlerde ýaşaýar. Maý-iýun aýlarynda höwürtgeleýär. Höwürtgesini köplenç gyrymsyda gurýar. 3-5 sany gowşak mawumtyl ýa-da ýaşylymtyl öwüşginli, goýy-goňur ýa-da kütek ujy melewşe-çal meneklije ak reňkli ýumurtgalary goýýar, ölçegleri – 22.2 x 16.3 mm. Iýun-iýulda jüýjeleýär. Dürli mör-möjekler we ösümlikleriň tohumlary bilen iýmitlenýär.

Statusy: adaty, käbir yerlerde seýrek ýa-da tersine köpsanly (mysal üçin, Bathyzda we Garabilde) guş.

---

*Bellik*: Türkmenistanda dürli döwürlerde tötänden uçup gelýän görnüşleriniň ençemesi hasaba alyny:

**418. Garapetekeli süleçi - *Calcarius lapponicus*** – Hazar

«чуть-чуть-чуть-три-ури-ури». Крыло – 75-90 мм, вес – 21-29 г.

Сходства – отличия: от других овсянок отличается ярко-коричневым цветом головы, горла и зоба, а надхвостье желтое; у других наших овсянок таких цветовых вариаций нет.

Распространение: гнездится в Передней и Средней Азии, Казахстане и Юго-Западной Сибири. В Туркменистане на пролете повсеместно, на гнездовье – в горных и речных долинах, оазисах и предгорьях, по морскому побережью. Зимует в Индии.

Образ жизни: пролетная и гнездящаяся птица. Весенняя миграция – в апреле-мае, осенняя – в августе-сентябре. Тяготеет к открытым участкам с кустарниковым разнотравьем. Гнездится в мае-июне. Гнезда чаще на кустах. В кладке 3-5 яиц, белого цвета со слабым голубым или зеленоватым оттенком, с темно-коричневыми или лилово-серыми пятнами на тупом конце. Размеры яиц – 22.2 x 16.3 мм. Птенцы – в июне-июле. Питаются различными насекомыми и семенами растений.

Статус: обычная, местами редкая или, наоборот, многочисленная (например, Бадхыз и Карабиль) птица.

---

*Примечание:* В Туркменистане в разное время как залетные виды отмечены:

**418. Подорожник – *Calcarius lapponicus.*** Зарегистрирован (2008 г.) на побережье Каспия в районе



deňziniň kenaryndaky Soýmonow aýlajygynda bellendi (2008 ý.). Onuň horazlaryny kellesiniň, bokurdagynyň we petekesiniň garadygy (mäkiýanynyň kellesi we bokurdagy açyk reňkli), ýeňsesiniň we boýnunyň gapdallarynyň goňrasçypardygy bilen aňsat tanasa bolýar.

**419. Ala süleçi** - ***Plectrophenax nivalis*** - Türkmenbaşy aýlagynyň demirgazyk kenarynda (1972 ý.). Bu guşjagaz daryçy guşuň ululygynda bolup, ol agymtyl-goňurrak-gyzgylt, uçup barýarka - ganatlarynyň garaakdygy bilen anyk tapawutlanýar.

**420. Süleçi-züýk – *Emberiza rustica***. Gyş döwründe örän seýrek duşmagy mümkin, statusy boýunça tötänden uçup gelýän we örän seýrek duşýan görnüş hasaplanýar. Umuman horazlary kellesiniň garaak nagyşlary bilen tapawutlanýarlar. Mäkiýanlary we ýaş guşlar gamyş süleçisi bilen aňsat garjaşýar, soňkydan olar bir-birinden diňe gulagynyň ýokarsyndaky ak tegmili we böwürlerindäki goňur menekleri bilen tapawutlanýarlar. Süleçi-züýgüň kellesindäki ýelejykleriň sähelçe, edil kiçijek hüpük ýaly hüžžermegi mümkin.

**421. Akegin süleçi - *Emberiza aureola*** şol Türkmenbaşy aýlagynda üç gezek duşdy (2006-2008 ýý.). Onuň horazlary goňras "telpe-jikli", petekesiniň kese sary zolagy we ýüzüniň "garadygy" bilen aňsat tanalýar. Garny sary, goňras egni ak zolakly. Mäkiýany tutuk reňkli, aşagy sary hem bolsa, horazyna garanyňda, has solak, böwürleri we döşi dik garamtyl menekli.

**422. Çal süleçi** - ***Emberiza cineracea***, onuň sürüjigine Sumbar

бухты Соймонова. Самцов легко узнать по черным горлу, зобу и голове (у самок голова и горло светлые) и каштаново-рыжеватому затылку и бокам шеи.

**419. Пуночка – *Plectrophenax nivalis*** – на северном берегу залива Туркменбаши (1972г.). Размером эта птица с просянку и легко определяется благодаря контрастной бело-буро-розоватой окраске и белым крыльям.

**420. Овсянка-ремез – *Emberiza rustica***. Может появляться крайне редко в зимнее время, по статусу считается залетным и очень редким видом. В целом самцы отличаются характерным черно-белым рисунком головы. Самок и молодых птиц можно спутать с тростниковыми овсянками, от которых они отличаются лишь светлым пятном над ухом и коричневыми пестринами на боках. Перышки на голове у овсянки-ремеза могут слегка топорщиться как маленький хохолок.

**421. Дубровник – *Emberiza aureola*** – три встречи (2006-2008 гг.) отмечены у бухты Соймонова. Самцы безошибочно определяются по каштановой «шапочке» и полоске поперек желтого зоба и черному «лицу». Брюшко желтое, а на каштановых плечах – белые пятна. Самки окрашены блекло: низ, хотя тоже желтый, но намного бледнее, чем у самцов, с темными продольными пестринами на боках и груди.

**422. Серая овсянка – *Emberiza cineracea*** – была встречена стайка (1989 г.) в долине Сумбара. Самцы отличаются неяркой желтовато-зеленоватой головой и желтоватым

jülgesinde duşuldy (1989 ý.). Horazy öçügsi sarymyl-ýaşylymtyl reňkli kellesi we sarymtyl garny bilen tapawutlanýar, üsti, şeýle-de ganatlary we guýrugy goňurrak-çal, arkasy meneklenen. Mäkiýanynyň aşagy dik meneklenen we ýelek örtüginiň sary reňki bolmaýar.

брюшком; верх, а также крылья и хвост буровато-серые, на спине с пестринами. Самки – с продольными пестринами на брюшке и без желтоватого цвета в оперении.

# Suratlar * Иллюстрации




Karta-shemalarda umumy reňklerde görnüşiň ýaýran ýerleri, inçe çyzyklarda – şertli görnüşiň ýaýran ýerleriniň tutuşlaýyndygy ýa-da üzňelikde ýerleşendigi görkezilýär.

Цветной фон на всех карто-схемах обозначает области распространения, а штриховкой условно показано сплошное или прерывистое распределение вида.



1



2



3



4



5



6



7




1 Gyzyl petekeli ýogla – Gavia stellata – Краснозобая гагара




2 Gara petekeli ýogla – Gavia arctica – Чернозобая гагара




3 Kiçi tersaýak – Tachybaptus ruficollis – Малая поганка




4 Uly tersaýak – Podiceps cristatus – Большая поганка, или чомга




5 Çalýaňak tersaýak – Podiceps grisegena – Серощекая поганка




6 Gyzylboýun tersaýak – Podiceps auritus – Красношейная поганка




7 Garaboýun tersaýak – Podiceps nigricollis – Черношейная поганка



**8**



**9**



**10**



**11**



**12**



**13**



**14**



**15**






8 Gyzgylt gotan – Pelecanus onocrotalus – Розовый пеликан




9 Buýraly gotan – Pelecanus crispus – Кудрявый пеликан



10 Uly garajagaz – Phalacrocorax carbo – Большой баклан



11 Kiçi garajagaz – Phalacrocorax pygmaeus – Малый баклан



12 Hakgeý – Botaurus stellaris – Большая выпь




13 Gögebakar – Ixobrychus minutus – Малая выпь




14 Kawguş – Nycticorax nycticorax – Кваква




15 Sary hokgar – Ardeola ralloides – Желтая цапля



16



17



18



19



20



21



22



23




16 Müsür hokgary – Bubulcus ibis – Египетская цапля




17 Uly ak hokgar – Casmerodius albus – Большая белая цапля




18 Kiçi ak hokgar – Egretta garzetta – Малая белая цапля




19 Gök hokgar – Ardea cinerea – Серая цапля




20 Çypar hokgar – Ardea purpurea – Рыжая цапля




21 Kaşykburun – Platalea leucorodia – Колпица



22 Gamaburun – Plegadis falcinellus – Каравайка



23 Ak leqlek – Ciconia ciconia – Белый аист



**24**



**25**



**26**



**27**



**28**



**29**



**30**



**31**






**24 Gara leglek – Ciconia nigra – Черный аист**




**25 Gyzyl gaz - Phoehicopterus roseus - Обыкновенный фламинго**




**26 Tauty – Cygnus olor – Лебедь-шипун**




**27 Kiçi** ýa-da **tundra guwy - Cygnus columbianus (bewickii) – Малый,** или **тундровый лебедь**




**28 Sohra (sykylykçy guw) – Cygnus cygnus – Лебедь-кликун**




**29 Kösükpisint gaz – Anser fabalis – Гуменник**




**30 Uly sakar gaz – Anser albifrons – Белолобый гусь**




**31 Kiçi sakar gaz – Anser erythropus – Пискулька,** или **малый белолобый гусь**



32



33



34



35



36



37



38



39






32 Guba gaz – Anser anser – Серый гусь



33 Garaçüňk gaz-Anser cygnoides – Сухонос




34 Gyzyl petekeli gaz – Branta ruficollis – Краснозобая казарка




35 Aňk – Tadorna ferruginea – Огарь , или отайка




36 Ala gaz – Tadorna tadorna – Пеганка




37 Sakarja ördek – Anas penelope – Свиязь




38 Çal ördek –Anas strepera – Серая утка




39 Sykylykçy jünekeý – Anas crecca – Чирок-свистунок



40



41



42



43



44



45



46



47





**40 Ýaşylbaş – Anas platyrhynchos – Кряква**



**41 Gylguýruk ördek – Anas acuta – Шилохвость**



**42 Uly jünekeý ördek – Anas querquedula – Чирок-трескунок**



**43 Tamdyra ördegi – Anas clypeata – Широконоска**




**44 Ekinçi ördek – Marmaronetta angustirosrtis – Мраморный чирок**



**45 Almabaş ördek – Netta rufina – Красноносый нырок**



**46 Gyzylbaş garamtyl ördek – Aythya ferina – Голубая чернеть,** или **красноголовый нырок**



**47 Gara ördek – Aythya nyroca – Белоглазая чернеть,** или **белоглазый нырок**



48



49



50



51



52



53



54



55





48 Kekilli garamtyl ördek – Aythya fuligula – Хохлатая чернеть



49 Deňiz garamtyl ördegi – Aythya marila – Морская чернеть




50 Alaja kekilli ördek – Anas falcata – Косатка



gyş | зима

51 Deňizçi ala ördek – Clangula hyemalis – Морянка



52 Gögümtil ördek – Melanitta nigra – Синьга



53 Uly gara ördek – Melanitta fusca – Обыкновенный турпан



54 Jygaly ördek – Bucephala clangula – Обыкновенный гоголь



55 Kiçi jüptün ördek – Mergellus albellus – Луток



**56**



**57**



**58**



**59**



**60**



**61**



**62**






**56 Uzynçüňkli jüptün ördek – Mergus serrator – Длинноносый, или средний крохаль**




**57 Uly jüptün ördek – Mergus merganser – Большой крохаль**




**58 Gorçy – Oxyura leucocephala – Савка**




**59 Balykçy bürgüt – Pandion haliaetus – Скопа**




**60 Aryçy – Pernis apivorus – Обыкновенный осоед**




**61 Gara çaýkel – Milvus migrans – Черный коршун**




**62 Uzynguýruk suw bürgüdi – Haliaeetus leucoryphus – Орлан-долгохвост**



63



64



65



66



67



68



69



70






63 Akguýruk suw bürgüdi – Haliaeetus albicilla – Орлан-белохвост




64 Sakgally garaguş – Gypaetus barbatus – Бородач




65 Maslykçy – Neophron percnopterus – Стервятник




66 Gajar – Aegypius monachus – Черный гриф




67 Dazzarkel – Gyps fulvus – Белоголовый сип




68 Ýylançy gyrgy – Circaetus gallicus – Змееяд




69 Gamyş (batga) gulatysy – Circus aeruginosus – Болотный лунь




70 Meýdan gulatysy – Circus cyaneus – Полевой лунь



71



72



73



74



75



76



77



78





**71 Sähra gulatysy – Circus macrourus – Степной лунь**



**72 Ak gulaty – Circus pygargus – Луговой лунь**




**73 Garçygaý – Accipiter gentilis – Тетеревятник**



**74 Bedeneçi gyrgy – Accipiter nisus – Перепелятник**



**75 Ýewropa sykylykçy gyrgysysy – Accipiter brevipes – Европейский тювик**




**76 Sykylykçy gyrgy – Accipiter badius – Тювик**




**77 Syçançy – Buteo buteo – Обыкновенный канюк,** или **сарыч**



**78 Depe syçançysy – Buteo rufinus – Курганник**



79



80



81



82



83



84



85






79 Tüýlek aýakly syçançy – Buteo lagopus – Зимняк




80 Uly garaguşjyk – Aquila clanga – Большой подорлик




81 Sähra garaguşy – Aquila nipalensis – Степной орел




82 Mazar garaguşy – Aquila heliaca – Могильник




83 Bürgüt – Aquila chrysaetos – Беркут




84 Göýdük garaguş – Hieraaetus pennatus – Орел-карлик




85 Gyrgypisint garaguş – Hieraaetus fasciatuss – Ястребиный орел







86 87 88





89 90





91 92





93 94






86 Sährä göwenegi – Falco naumanni - Степная пустельга




87 Göwenek – Falco tinnuculus - Обыкновенная пустельга




88 Kiçi gyrgy – Falco vespertinus – Кобчик




89 Kepderiçi laçyn – Falco columbarius – Дербник




90 Turlutaý – Falco subbuteo – Чеглок




91 Ütelgi – Falco cherrug – Балобан




92 Çyparbaş laçyn – Falco pelegrinoides – Шахин




93 Gök bähri – Falco peregrinus – Сапсан




94 Hindi ütelgesi - Falco jugger - Лаггар



95



96



97



98



99



100



101



102






**95 Dag hindi towugy – Tetraogallus caspius – Каспийский улар**



**96 Käkilik –Alectoris chukar – Кеклик**



**97 Çil käkilik – Ammoperdix griseogularis – Пустынная куропатка**



**98 Bedene – Coturnix coturnix – Перепел**



**99 Sülgün – Phasianus colchicus – Фазан**



**100 Turaç – Francolinus francolinus – Турач**




**101 Çal durna – Grus grus – Серый журавль**




**102 Ak durna – Grus leucogeranus – Стерх, или белый журавль**



103



104



105



106



107



108



109



110






103 Owadan (akbaş) durna – Grus virgo – Журавль красавка




104 Bukanja ýelbe – Rallus aquaticus – Пастушок




105 Ýelbe (suw towugy) – Porzana porzana – Погоныш




106 Kiçi suw towugy – Porzana parva – Малый погоныш




107 Jüýje ýelbe – Porzana pusilla – Погоныш-крошка




108 Çypar ýelbe – Crex crex – Коростель




109 Suw towugy – Gallinula chloropus – Камышница




110 Soltantowuk – Porphyrio porphyrio – Султанка



111



112



113



114



115



116



117



118






**111 Sakarbarak – Fulica atra - Лысуха**




**112 Bezbeltek – Tetrax tetrax – Стрепет**




**113 Toklutaý – Otis tarda – Дрофа**




**114 Togdary – Chlamydoris undulata – Дрофа-красотка**




**115 Çakyryk – Burhinus oedicnemus – Авдотка**




**116 Kiçi kebez – Charadrius dubius – Малый зуек**




**117 Demirgazyk kebezi – Charadrius hiaticula – Галстучник**




**118 Deňiz kebezi – Charadrius alexandrinus – Морской зуек**



119



120



121



122



123



124



125



126






**119 Ýogynçüňk kebez – Charadrius leschenaultii – Толстоклювый зуек**




**120 Hazar kebezi – Charadrius asiaticus – Каспийский зуек**




**121 Mongol kebezi – Charadrius mongolus – Монгольский зуек**




**122 Şygyrdawuk çuluk – Eudromias morinellus – Хрустан**




**123 Altynsow çuluk – Pluvialis apricaria – Золотистая ржанка**




**124 Goňurganat çuluk – Pluvialis fulva – Бурокрылая ржанка**




**125 Tules çulugy – Pluvialis squatarola – Тулес**




**126 Tekejyllyk – Vanellus leucurus – Белохвостая пигалица**



127



128



129



130



131



132



133



134






**127 Gara depeli tekejyllyk – Vanellus gregarius – Кречетка**




**128 Bezegli bezziltik – Vanellus indicus – Украшенный чибис**




**129 Bezziltik – Vanellus vanellus – Чибис**




**130 Daş dörüji çuluk – Arenaria interpres – Камнешарка**




**131 Gyzylinjik – Himantopus himantopus – Ходулочник**




**132 Bizçüňk çuluk – Recurvirostra avosetta – Шилоклювка**




**133 Alahekek-çuluk – Haematopus ostralegus – Кулик-сорока**




**134 Island çäge çulugy – Calidris canutus – Исландский песочник**



135



136



137



138



139



140



141



142






135 Çäge çulugy – Calidris alba – Песчанка




136 Serçe-çuluk – Calidris minuta – Кулик-воробей




137 Akguýruk çäge çulugy – Calidris temminckii – Белохвостый песочник




138 Gyzyl petekelije çuluk – Calidris ferruginea – Краснозобик




139 Gara petekelije çuluk – Calidris alpina – Чернозобик




140 Deňiz çäge çulugy – Calidris maritima – Морской песочник




141 Batga çulugy – Limicola falcinellus – Грязовик




142 Ýakaly çuluk – Philomachus pugnax – Турухтан



143



144



145



146



147



148



149



150






143 Tüýs ebek – Lymnocryptes minimus – Гаршнеп




144 Ebek – Gallinago gallinago – Бекас






145 Uly jeňňel ebegi – Gallinago media – Дупель




146 Uly dag ebegi – Gallinago solitaria – Горный дупель




147 Tokaý ebegi – Scolopax rusticola – Вальдшнеп




148 Uly ikburun – Limosa limosa – Большой веретенник




149 Kiçi ikburun – Limosa lapponica – Малый веретенник




150 Orta ýylkyçy – Numenius phaeopus – Средний кроншнеп





**151** **152**





**153** **154**





**155** **156**





**157** **158**






151 Inçe çüňkli ýylkyçy – Numenius tenuirostris – Тонкоклювый, или малый кроншнеп




152 Uly ýylkyçy – Numenius arquata – Большой кроншнеп




ё

153 Bezemen çuluk – Tringa erythropus – Щеголь




154 Gyzyl aýajykly çuluk – Tringa totanus – Травник




tomus I лето

155 Akarçeşme çulugy – Tringa stagnatilis – Поручейник




156 Uly ulit çulugy – Tringa nebularia – Большой улит




157 Goňurarka çuluk – Tringa ochropus – Черныш




158 Çalymtyl çuluk – Tringa glareola – Фифи



**159**



**160**



**161**



**162**



**163**



**164**



**165**






159 Egriçüňk çuluk – Xenus cinereus – Мородунка




160 Dasaýiy culuk – Actitis hypoleucos – Перевозчик




161 Ikburun ýüzegenje – Phalaropus lobatus
– Круглоносый плавунчик




162 Ýasyburun ýüzegenje – Phalaropus fulicarius
– Плосконосый плавунчик




163 Takyrýorga – Cursorius cursor – Бегунок




164 Garlawaç pisint çemen çulugy – Glareola pratincola
– Луговая тиркушка

165 Garlawaç pisint sähra çulugy – Glareola nordmani
– Степная тиркушка



166



167



168



169



170



171



172



173






166 Deňizýany uzynguýruk çarlak – Stercorarius longicaqu-dus – Длиннохвостый поморник




167 Posly çarlak – Stercorarius parasiticus – Короткохвостый поморник




168 Deňizýany orta çarlak – Stercorarius pomarinus – Средний поморник




169 Garabaş gülegen çarlak – Larus ichthyaetus – Черноголовый хохотун




170 Garabaş çarlagy – Larus melanocephalus – Черноголовая чайка




171 Kiçi çarlak – Larus minutus – Малая чайка




172 Köl çarlagy – Larus ridibundus – Озерная чайка




173 Kepderi pisintli deniz çarlagy – Larus genei – Морской голубок



174



175



176



177



178



179



180



181



182






174 Garamtylarka çarlak – Larus fuscus – Клуша




175 Uly çalymtyl çarlak – Larus hyperboreus – Бургомистр




176 Ak çarlak – Larus canus – Сизая чайка




177 Gülegen çarlak – Larus cachinnans – Хохотунья




178 Gülgüne çarlak – Rhodostethia rosea – Розовая чайка




179 Garaçünk çerik – Sterna nilotica – Чайконосая крачка




180 Alaburun çerik – Sterna sandvicensis – Пестроносая крачка




181 Sakaw çarlak – Sterna caspia – Чеграва




182 Derýa çerigi – Sterna hirundo – Речная крачка



183



184



185



186



187



188



189



190






183 Kiçi çerik – Sterna albifrons – Малая крачка




184 Akýaňak çerik – Chlidonias hybrida – Белощекая крачка




185 Gara çerik – Chlidonias niger – Черная крачка




186 Akganat çerik – Chlidonias leucopterus – Белокрылая крачка




187 Bagyrtlak – Pterocles orientalis – Чернобрюхий рябок




188 Gylguýruk – Pterocles alhata – Белобрюхий рябок







189 Dykdyky –Syrrhaptes paradokus – Саджа

190 Senegal bagyrtlagy – Pterocles senegallus – Сенегальский рябок





191 192 193





194 195





196 197





198 199






191 Gögerçin – Columba livia – Сизый голубь




192 Goňur kepderi – Columba eversmanni – Бурый голубь
193 Gaýa kepderisi – Columba rupestris – Скалистый голубь




194 Garamtyl billi kepderi – Columba oenas – Клинтух




195 Hal kepderi – Columba palumbus – Вяхирь




196 Halkaly gumry – Stertopelia decaocto – Кольчатая горлица




197 Adaty gumry – Stertopelia turtur – Обыкновенная горлица




198 Uly gumry – Stertopelia orientalis – Большая горлица




199 Musaýýja gumry – Stertopelia senegalensis – Малая горлица



200



201



202



203



204



205



206



207






200 Adaty ikatýok – Cuculus canorus – Обыкновенная кукушка




201 Ker ikatýok – Cuculus saturatus – Глухая кукушка




202 Hüpükli ikatýok – Clamator glandarius – хохлатая кукушка



203 Kiçi ikatýok Cuculus poliocephalus Малая кукушка




204 Aziýa koel ikatýogy - Eudynamys scolopaceus - Азиатский коэль




205 Sykylykçy hüwüjik – Otus scops – Сплюшка




206 Melemtil sary hüwüjik – Otus brucei – Буланая, или пустынная совка




207 Hüwi – Bubo bubo – Филин



**208**



**209**



**210**



**211**



**212**



**213**



**214**



**215**






**208 Ak hüwi – Bubo scandiaca – Белая сова**




**209 Baýguş – Athene noctua – Домовый сыч**




**210 Çalymtyl hüwi – Strix aluco (nivicola) – Серая неясыть**




**211 Boguk hüwi – Tyto alba – Сипуха**




**212 Otagaly hüwi – Asio otus – Ушастая сова**




**213 Batga hüwüsi - Asio flammeus - Болотная сова**




**214 Adaty gündizkör – Caprimulgus europaeus – Обыкновенный козодой**




**215 Melemtil gündizkör – Caprimulgus aygyptius – Буланый козодой**



216



217



218



219



220



221



222





**216 Gara atgarlawaç – Apus apus - Черный стриж**



**217 Kiçi atgarlawaç – Apus affinis – Малый стриж**



**218 Akgaryn atgarlawaç – Tachymarptis melba – Белобрюхий стриж**




**219 Gökgarga – Corosias garrulus – Сизоворонка**



**220 Süti – Alcedo atthis – Обыкновенный зимородок**




**221 Altynsow daraklyk – Merops apiaster – Золотистая щурка**




**222 Ýaşyl daraklyk – Merops persicus – Зеленная щурка**



**223**



**224**



**225**



**226**



**227**



**228**





223 **Hüýpüpik – Upupa epops – Удод**



224 **Şalkyboýun guş – Jynx torguilla – Вертишейка**



225 **Ýaşyl daşdeşen – Picus viriridis – Зеленый дятел**



226 **Uly ala daşdeşen – Dendrocopos major – Большой пестрый дятел**



227 **Akganat daşdeşen – Dendrocopos leucopterus – Белокрылый дятел**



228 **Teňňe nagyşly daşdeşen – Picus squamatus – Чешуйчатый дятел**



229



230



231



232



233



234



235



236





**229 Kenar garlawajy – Riparia riparia – Береговая ласточка**



**230 Gaýa garlawajy – Hirundo rupestris – Скальная ласточка**




**231 Sapak guýrukly garlawaç – Hirundo smithii – Нитехвостая ласточка**




**232 Oba garlawajy – Hirundo rustica – Деревенская ласточка,** или **касатка**




**233 Daş garlawajy – Hirundo daurica – Рыжепоясничная,** или **даурская ласточка**




**234 Dag garlawajy– Delichon urbica – Воронок**




**235 Çöl torgaýy – Ammomanes deserti – Пустынный жаворонок**



**236 Mollatorgaý – Galerida cristata – Хохлатый жаворонок**



237



238



239



240



241



242



243



244





**237 Sähra torgaýy – Melanocorypha calandra – Степной жаворонок**



**238 Alaboýun torgaý – Melanocorypha bimaculata – Двупятнистый жаворонок**



**239 Akganat torgaý – Melanocorypha leucoptera – Белокрылый жаворонок**



**240 Gara torgaý – Melanocorypha yeltoniensis – Черный жаворонок**



**241 Kiçi torgaý – Calandrella brachydactyla – Малый жаворонок**



**242 Çal torgaý – Calandrella rufescens – Серый жаворонок**



**243 Şorluk torgaýy – Calandrella cheleensis – Солончаковый жаворонок**



**244 Inçeçüňk torgaý – Calandrella acutirostris – Тонкоклювый жаворонок**



245



246



247



248



249



250



251



252





**245 Tokaý torgaýy – Lullula arborea – Лесной жаворонок**



**246 Meýdan torgaýy – Alauda arvensis – Полевой жаворонок**



**247 Kiçi meýdan torgaýy – Alauda gulgula – Индийский жаворонок**



**248 Şahlyja torgaý – Eremophila alpestris – Рогатый жаворонок**



**249 Meýdan atjagazy – Anthus campestris – Полевой конёк**



**250 Sähra atjagazy – Anthus richardi – Степной конёк**



**251 Tokaý atjagazy – Anthus trivialis – Лесной конёк**



**252 Çemen atjagazy – Anthus pratensis – Луговой конёк**



**253**



**254**



**255**



**256**



**257**



**258**



**259**




**253 Gyzyl petekeli atjagaz - Anthus cervinus – Краснозобый конёк**



**254 Dag atjagazy – Anthus spinoletta - Горный конёк**




**255 Goyunguş – Motacilla flava – Желтая трясогузка**




**256 Sarybaş goýunguş – Motacilla citreola – Желтоголовая трясогузка**




**257 Dag goyungusy – Motacilla cinerea – Горная трясогузка**




**258 Geçi guş – Motacilla alba – Белая трясогузка**




**259 Dulanan goyunguş – Motacilla personata – Маскированная трясогузка**



**260**



**261**



**262**



**263**



**264**



**265**



**266**



**267**






**260 Çyparguýruk togan – Lanius isabellinus – Кашгарский жулан**




**261 Gyzyl togan – Lanius collurio – Обыкновенный жулан**




**262 Ýaşyryn togan – Lanius nubicus – Маскированный сорокопут**




**263 Uzynguýruk togan – Lanius schach – Длиннохвостый сорокопут**




**264 Gara maňlaýly togan – Lanius minor – Чернолобый сорокопут**




**265 Ala togan – Lanius excubitor – Серый сорокопут**




**266 Hindi gyzyl togany – Lanius vittatus – Индийский жулан**




**267 Gyzylbaşly togan – Lanius senator – Красноголовый сорокопут**



268



269



270



271



272



273



274






**268** **Sargyldak – Oriolus oriolus – Обыкновенная иволга**



**269** **Dag meýnesi (bramin sary) – Sturnus pagodarum – Горная майна**




**270** **Garasar – Sturnus vulgaris – Обыкновенный скворец**




**271** **Ala sar – Sturnus roseus – Розовый скворец**




**272** **Meýne – Acridotheres tristis – Майна**



**274** **Alahekek – Pica pica – Сорока**



**273** **Çürçüri – Podoces panderi – Саксаульная сойка**



275



276



277



278



279



280



281



282





**275 Gara zag – Pyrrohorax pyrrohorax – Клушица**



**276 Alp zakyja gargasy - Pyrrohorax graculus - Альпийская галка**



**277 Zakyja garga – Corvus monedula – Галка**




**278 Ekinçi garga – Corvus frugilegus – Грач**



**279 Gara garga – Corvus corone – Черная ворона**



**280 Ala garga – Corvus cornix – Серая ворона**



**281 Çöl gargasy – Corvus ruficollis – Пустынный ворон**



**282 Uly garga – Corvus corax – Обыновенный ворон**



**283**



**284**



**285**



**286**



**287**



**288**



**289**



**290**





**281 Sykylykçy – Bombycilla garrulus – Свиристель**



**282 Toganpisintli sykylykçy – Hypocolius ampelinus – Свиристелевый сорокопут**



**283 Çitçiti guşy – Troglodytes troglodytes – Крапивник**



**284 Tokaý owazçysy – Prunella modularis – Лесная завирушка**



**285 Menekli owazçy – Prunella ocularis – Персидская завирушка**




**286 Garadamak owazçy – Prunella atrogularis – Черногорлая завирушка**



**287 Alp dag owazçysy – Prunella collaris – Альпийская завирушка**



**291**



**292**



**293**



**294**



**295**



**296**



**297**



**298**





**291 Ýaýwaňguýruk gamyşguşy – Cettia cetti – Широкохвостка**



**292 Adaty çyrlak guş – Locustella naevia – Обыкновенный сверчок**



**293 Derýa çyrlak guşy – Locustella fluviatilis – Речной сверчок**



**294 Bilbil çyrlak guşy – Locustella luscinioides – Соловьиный сверчок**



**295 Inçeçüňk gamyşguşy – Acrocephalus melanopogon – Тонкоклювая камышевка**



**296 Torsujak gamyşguşy – Acrocephalus schoenobaenus – Камышевка-барсучок**



**297 Hindi gamyşguşy – Acrocephalus agricola – Индийская камышевка**



**298 Bag gamyşguşy – Acrocephalus dumetorum – Садовая камышевка**



**299**



**300**



**301**



**302**



**303**



**304**



**305**



**306**





**299 Gamyşguşy – Acrocephalus scirpaceus – Тростниковая камышевка**



**300 Batga gamyşguşy – Acrocephalus palustris – Болотная камышевка**



**301 Jokjoky sypatly gamyşguşy – Acrocephalus arundinaceus – Дроздовидная камышевка**



**302 Türküstan gamyşguşy – Acrocephalus stentoreus – Туркестанская камышевка**



**303 Çekçeki – Hippolais caligata – Северная, или малая бормотушка**



**304 Kiçi çekçeki – Hippolais rama – Южная бормотушка**



**305 Ýaşyl şygşygy – Hippolais icterina – Зеленая пересмешка**



**306 Solgun şygşygy – Hippolais pallida – Бледная пересмешка**



**307**



**308**



**309**



**310**



**311**



**312**



**313**



**314**





**307 Uly şygşygy – Hippolais languida – Большая бормотушка**



**308 Gyrgy pisintli çürlentgi – Sylvia nisoria – Ястребиная славка**




**309 Saýrak çürlentgi – Sylvia hortensis – Певчая славка**



**310 Owazçy çürlentgi – Sylvia curruca – Славка-завирушка**




**311 Çal çürlentgi – Sylvia communis – Серая славка**



**312 Bag çürlentgisi – Sylvia borin – Садовая славка**




**313 Garabaşly çürlentgi – Sylvia atricapilla – Черноголовая славка**



**314 Dag çürlentgisi – Sylvia althaea – Горная славка**



315



316



317



318



319



320



321



322






**315 Akmurtly çürlentgi – Sylvia mystacea – Белоусая славка**



**316 Çöl çürlentgisi – Sylvia nana – Пустынная славка**



**317 Ýaşyl aldawaç – Phylloscopus trochiloides – Зеленая пеночка**



**318 Şapak aldawajy – Phylloscopus inornatus – Пеночка - зарничка**



**319 Dagşapakçasy – Phylloscopus humei – Горная зарничка**



**320 Hindi aldawajy – Phylloscopus griseolus – Индийская пеночка**



**321 Tiňňillewik aldawaç – Phylloscopus collybita – Пеночка - теньковка**



**322 Ýazçy aldawaç – Phylloscopus trochilus – Пеночка - весничка**



323



324



325



326



327



328



329



330, 331



**323 Eýran aldawajy – Phylloscopus neglectus – Иранская пеночка**



**324 Şalkyguýruk çürlentgi – Scotocerca inquieta – Скотоцерка**



**325 Sarybaş hurmaýjyk – Regulus regulus – Желтоголовый королек**



**326 Jennet uzynguýruk siňekçi – Terpsiphone paradisi – Райская мухоловка**



**327 Çal siňekçi – Muscicapa striata – Серая мухоловка**



**328 Çyparguýruk siňekçi – Muscicapa ruficauda – Рыжехвостая мухоловка**




**329 Kiçi siňekçi – Ficedula parva – Малая мухоловка**




**330 Alaja siňekçi – Ficedula hypoleuca – Мухоловка-пеструшка**



**331 Akboýun siňekçi – Ficedula albicollis – Мухоловка белошейка**



**332**



**333**



**334**



**335**



**336**



**337**



**338**



**339**





**332 Şapakçy – Erithacus rubecula – Зарянка**



**333 Günorta bilbili – Luscinia megarhynchos – Южный соловей**



**334 Adaty bilbil – Luscinia luscinia – Обыкновенный соловей**




**335 Gökdamak bilbil – Luscinia cvecica – Варакушка**




**336 Akdamak bilbil – Irania gutturalis – Соловей-белошейка**




**337 Alaganat gyzylguýruk – Phoenicurus erythronotus – Красноспинная горихвостка**




**338 Garaja gyzylguýruk – Phoenicurus ochruros – Горихвостка-чернушка**




**339 Adaty gyzylguýruk – Phoenicurus phoenicurus – Обыкновенная горихвостка**



**340**



**341**



**342**



**343**



**344**



**345**



**346**



**347**






340 Çemen jakjaky – Saxicola rubetra – Луговой чекан




341 Garabaş jakjaky – Saxicola **torquatus** – Черноголовый чекан




342 Gara jakjaky – Saxicola caprata – Черный чекан




343 Boz çekeýik – Oenanthe isabellina – Каменка-плясунья




344 Adaty çekeýik – Oenanthe oenanthe – Обыкновенная каменка




345 Sakar çekeýik – Oenanthe pleschanka – Каменка-плешанка




346 Ala çekeýik - Oenanthe hispanica - Испанская каменка




347 Gara çekeýik – Oenanthe picata – Черная каменка



348



349



350



351



352



353



354



355





348 Garaboýun çekeýik – Oenanthe finschii – Черношейная каменка




349 Çöl çekeýigi – Oenanthe deserti – Пустынная каменка




350 Gyzylguýruk çekeýik – Oenanthe **chrysopygia** – Златогузая каменка



351 Tokay bilbili – Erythropygia galactotes – Тугайный соловей




352 Ala daş jokjokysy – Monticola saxatilis – Пестрый каменный дрозд



353 Gök daş jokjokysy – Monticola solitarius – Синий каменный дрозд



354 Gara jokjoky – Turdus merula – Черный дрозд



355 Gara petekeli jokjoky – Turdus ruficollis – Краснозобый (темнозобый) дрозд



**356**



**357**



**358**



**359**



**360**



**361**



**362**



**363**






356 Rýabina jokjokysy – Turdus pilaris – Рябинник




357 Saýrak jokjoky – Turdus philomelos – Певчий дрозд




358 Akgaş jokjoky – Turdus iliacus – Белобровик




359 Ala jokjoky – Turdus viscivorus – Деряба




360 Ak petekeli jokjoky – Turdus torguatus – Белозобый дрозд




361 Gök jokjoky – Myophonus caeruleus – Синяя птица



362 Gyrymsy jikjikisi – Garrulax lineatus – Кустарница




363 Murtly gögümtil jikjiki – Panurus biarmicus –Усатая синица



364



365



366



367



368



369



370



371






**364 Uzynguýruk gögümtil jikjiki – Aegithalos caudatus – Длиннохвостая синица, или ополовник**




**365 Züýk – Remiz pendulinus – Обыкновенный ремез**




**366 Garabaşly züýk – Remiz coronatus – Черноголовый ремез**



**367 Gysgaguýruk gögümtil jikjiki – Parus ater – Черная синица, или московка**



**368 Çyparboýun jikjiki – Parus rufonuchalis – Рыжешейная синица**




**369 Asman reňkli jikjiki – Parus caeruleus – Обыкновенная лазоревка**




**370 Sary petekeli jikjiki – Parus flavipectus – Желтогрудая лазоревка**




**371 Ak asman reňkli jikjiki – Parus cyanus – Белая лазоревка**



372



373



374



375



376



377



378



379






372 Uly gögümtil jikjiki – Parus major – Большая синица



373 Buhara jikjikisi – Parus bokharensis – Бухарская синица



374 Çal jikjiki – Parus cinereus – Серая синица



375 Uly gaýa daşdeşeni – Sitta tephronota – Большой скалистый поползень



376 Diwarguş – Tichodroma muraria – Стенолаз



377 Gimalaý jüýgüldewügi – Certhia himalayana – Гималайская пищуха




378 Öý serçesi – Passer domesticus – Домовый воробей




379 Hindi serçesi – Passer indicus – Индийский воробей



380



381



382



383



384



385



386



387






380 Garadöş serçe – Passer hispaniolensis – Испанский воробей




381 Sazak serçesi – Passer ammodendri – Саксаульный воробей




382 Meýdan serçesi – Passer montanus – Полевой воробей




383 Çöl serçesi – Passer simplex – Пустынный воробей




384 Daş serçesi – Petronia petronia – Каменный воробей




385 Gysgabarmak serçe – Petronia brachydactyla – Короткопалый воробей




386 Owgan ýer serçesi – Montifringilla theresae – Афганский земляной воробей




387 Gar girrigi – Montifringilla nivalis – Снежный вьюрок



**388**



**389**



**390**



**391**



**392**



**393**



**394**



**395**





**388 Üşegenje – Fringilla coelebs – Зяблик**




**389 Girrik – Fringilla montifringilla – Юрок**



**390 Gyzyl depeli girrik – Serinus pusillus – Красношапочный вьюрок**



**391 Ýaşyl paltatumşyk – Carduelis chloris – Зеленушка**



**392 Saryganat – Carduelis carduelis – Щегол**




**393 Ýaşyl tiltil – Carduelis spinus – Чиж**




**394 Kendir guşy – Carduelis cannabina – Коноплянка**



**395 Dag çetçetisi – Carduelis flavirostris – Горная чечетка**



396



397



398



399



400



401



402



403





**396 Adaty çetçeti – Carduelis flammea – Обыкновенная чечетка**



**397 Ýolkaçy girrik – Loxia curvirostra – Клест-еловик**



**398 Gyzylganat merjimek guşy – Rhodopechys sanguineus – Краснокрылый чечевичник**



**399 Mongol çöl pitpitisi – Rhodopechys mongolicus – Монгольский снегирь**



**400 Ýogynçüňk çöl pitpitisi – Bucanetes githagineus – Пустынный снегирь**



**401 Melemtil girrik – Rhodopechus obsoletus – Буланый вьюрок**



**402 Adaty merjimek – Carpodacus erythrinus – Обыкновенная чечевица**



**403 Arça merjimegi – Carpodacus rhodochlamys – Арчевая чечевица**



404



405



406



407



408



409



410



411





**404 Uzynguýruk pitpiti - Uragus sibiriçus - Длиннохвостый снегирь**



**405 Pitpiti – Pyrrhula pyrrhula – Снегирь**




**406 Paltatumşyk – Coccothraustes coccothraustes – Обыкновенный дубонос**



**407 Arça paltatumşugy – Mycerobas carniceps – Арчевый дубонос**



**408 Daryçy – Milaria calandra – Просянка**



**409 Akdepeli süleçi – Emberiza leucocephala – Белошапочная овсянка**



**410 Adaty süleçi – Emberiza citrinella – Обыкновенная овсянка**



**411 Stýuartyň süleçisi – Emberiza stewarti – Овсянка Стюарта**



412



413



414



415



416



417



418



419






**412 Dag süleçisi – Emberiza cia – Горная овсянка**




**413 Bag süleçisi – Emberiza hortulana – Садовая овсянка**




**414 Gaýa süleçisi – Emberiza buchanani – Скальная овсянка**




**415 Gamyş süleçisi – Emberiza schoeniclus – Тростниковая овсянка**




**416 Garabaş süleçi – Emberiza melanocephala – Черноголовая овсянка**




**417 Sary bilbil– Emberiza bruniceps – Желчная овсянка**




**418 Garapetekeli süleçi – Calcarius lapponicus – Подорожник**



**419 Ala süleçi – Plectrophenax nivalis – Пуночка**



420



420 Süleçi-züýk – Emberiza rustica – Овсянка-ремез



421



421 Akegin süleçi – Emberiza aureola – Дубровник



422




422 Çal süleçi – Emberiza cineracea – Серая овсянка

## Hödürlenýän edebiýatlar
## Рекомендуемая литература

**Esasylary:**
**Основная:**

*Дементьев Г.П. 1952.* Птицы Туркменистана. – Т.1. – Ашхабад: АН ТССР. – 547 с.
*Рустамов А.К. 1954.* Птицы пустыни Каракум. – Ашхабад: АН ТССР. – 344 с.
*Рустамов А.К. 1958.* Птицы Туркменистана. – Т.2.–Ашхабад: АН ТССР. – 252 с.
*Рустамов А.К. 2011.* Животный мир Туркменистана и его охрана (на примере фауны позвоночных животных). На туркм. и русск. языках. – Ашхабад: Ылым. - 288 с.
*Рустамов А.К., Ковшарь А.Ф. /Ред./. 2007.* Птицы Средней Азии. – Т.1. – Алматы: СОПК. – 574 с.
*Рябицев В.К., Ковшарь А.Ф., Ковшарь В.А., Березовиков Н.Н. 2014.* Полевой определитель птиц Казахстана. – Алматы. – 512 с.
*Флинт В.Е., Бёме Р.Л., Костин Ю.В., Кузнецов А.А. 1968.* Птицы СССР (из серии: Справочники-определители географа и путешественника). – Москва: Мысль. – 637 с.
BIRD GUIDE by *Lars Svensson, Peter J. Grant, Killian Mullarney & Dan Zetterstrom. 1999-2006.* – London: Collins. – 400 p.
*Porter, R. & Aspinall, S. 2010.* Field Guide to the Birds of the Middle East (second edition). – Helm, London, UK. – 384 p.
*Flint V.E., Boehme R.L., Kostin Y.V., Kuznetsov A.A. 1984.* A Field Guide to Birds of Russia and Adjacent Territories. – Princeton University Press, USA. – 353 p.

**Goşmaçalary:**
**Дополнительная:**

*Guşlar/Птицы/Aves. 2011* – Красная книга Туркменистана. На туркм., англ. и русск. языках. – Т.2. – Ашхабад: Ылым. – С. 207-297.
*Rustamow E.A., Saparmyradow J.S., Welş J.R. we Brombaher M. /red./ 2009.* Türkmenistanyň möhüm ornitologik ýerleri. Aşgabat: Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrligi. - 197 s.
*Guşlar/Птицы/Aves. 1999.* Türkmenistanyň Gyzyl kitaby. T. 1. Oňurgasyz we oňurgaly haýwanlar. Gaýtadan işlenen we üsti ýetirilen 2-nji neşir. Aşgabat: Türkmenistan. – S. 202-290.
*Ковшарь А.Ф., Ковшарь В.А. 2006.* Птицы (из серии: Школьная энциклопедия, животные Казахстана). – Алматы. – 310 с.
*Крейцберг-Мухина Е.А., Кашкаров Д.Ю., Лановенко Е.Н., Шерназаров Э.Ш., Перегонцев Е.А. 2005.* Птицы водоемов Узбекистана и Центрально-Азиатского региона / Полевой определитель водно-болотных птиц. – Ташкент-Алматы. – 229 с.
*Линьков А.Б. 2002.* Охотничьи водоплавающие птицы России. – Москва. – 269 с.

*Полевой определитель гусеобразных птиц России. 2011*. - Москва - 219 с.
*Рустамов А.К. 1985*. Гушлар/Птицы. – Красная книга Туркменской ССР. – Т.1. – Ашхабад: Туркменистан. – С. 105-208 с.
*Рустамов Э.А., Уэлш Д.Р., Бромбахер М. /Ред./. 2009*. Ключевые орнитологические территории Туркменистана. – Ашхабад: Министерство охраны природы Туркменистана. – 198 с.
*Скляренко С.Л., Хроков В.В. / Ред./. 2008*. Как наблюдать за птицами или как стать хорошим бёдвочером. – Алматы: АСБК. – 28 с.
*Шестоперов Е.Л. 1937*. Определитель позвоночных животных Туркменской ССР. ПТИЦЫ. – Ашхабад-Баку: Туркменгосиздат. – 331 с.
*Raffael Aye, Manuel Schweizer and Tobias Roth. 2012*. Birds od Central Asia (Kazakhstan, Turkmenistan, Uzbekistan, Kyrgyzstan, Tajikistan, Afganistan). – Princeton University Press: Princeton and Oxford. - 336 p.



**Guşlaryň türkmençe atlaryny görkeziji (sah.)**

**Указатель туркменских названий птиц (стр.)**

Adaty bilbil 446, 641
Adaty çekeýik 458, 643
Adaty çetçeti 529, 657
Adaty çyrlak guş 404, 631
Adaty gumry 290, 605
Adaty gündizkör 311, 609
Adaty gyzylguýruk 452, 641
Adaty ikatýok 296, 607
Adaty merjimek 534, 657
Adaty olýapka 396, 629
Adaty paltatumşyk 537, 659
Adaty pitpiti 536, 657
Adaty saryganat 524, 655
Adaty süleçi 542, 659
Ak asman reňkli jikjiki 493, 649
Ak çarlak 258, 601
Ak durna 170, 581
Ak gulaty 125, 575
Ak hüwi 304, 609
Ak leglek 53, 563
Ak murtly çürlentgi 427, 637
Akdepeli süleçi 541, 659
Ak petekeli jokjoky 479, 647
Akarçeşme çulugy 235, 595
Akboyun siňekçi 442, 639
Akdamak bilbil 448, 641
Akganat çerik 273, 603
Akganat daşdeşen 326, 613
Akganat torgaý 313, 617
Akgaryn atgarlawajy 317, 611
Akgaş jokjoky 477, 647
Akguýruk çäge çulugy 217, 591
Akguýruk suw bürgüdi 112, 573
Akegin süleçi 553, 662
Akýaňak çerik 270, 603
Ala çekeýik 461, 643
Ala daş jokjokysy 469, 645
Ala garga 390, 627
Ala gaz 73, 565
Ala gazlar 72
Ala sar 380, 625
Ala togan 371, 623
Ala jokjoky 478, 647
Ala jikjikiler 482
Alaboýun torgaý 341, 617
Alaburun çerik 264, 601
Alaganat gyzylguýruk 449, 641
Ala süleçi 553, 662
Alahekek 384, 627
Alahekek-çuluk 212, 589
Alaja kekilli ördek 96, 569
Almabaş ördek 88, 567
Alp dag owazçysyş 402, 629
Alp zakyja gargasy 386, 627
Altynsow çuluk 199, 587
Altynsow daraklyk 321, 611
Aňk 72, 565
Arça merjimegi 535, 657
Arça paltatumşugy 538, 659
Aryçy 107, 571
Asiýa koel ikatýogy 300, 607
Asman reňkli jikjiki 491, 649
Atgarlawaçşekilliler 314
Atgarlawaçlar 314
Bag çürlentgisi 424, 635
Bag gamyşguşy 410, 631
Bag süleçisi 546, 661
Bagyrtlak 277
Bagyrtlaklar 276
Balykçy bürgüt 106, 571
Batga çulugy 220, 591
Batga gamyşguşy 413, 633
Batga hüwüsi 309, 609
Baýguşşekilliler 300
Baýguşlar 301
Baýguş 305, 609
Bedene 162, 581
Bedeneçi gyrgy 128, 575
Bezbeltek 184, 585
Bezegli bezziltik 204, 589
Bezemen çuluk 233, 595
Bezziltik 205, 589

Bilbil çyrlak guşy 406, 631
Bizçüňkliler 209
Bizçüňk çuluk 210, 589
Boguk hüwi 308, 609
Boz çekeýik 456, 643
Buhara jikjikisi 496, 651
Bukanja ýelbe 173, 583
Buýraly gotan 33, 559
Bürgüt 139, 577
Çage çulugy 214, 591
Çakyryk 190, 585
Çakyryklar 189
Çal çarlak 554, 662
Çal çürlentgi 423, 635
Çal durna 169, 581
Çal jikjiki 497, 651
Çal ördek 77, 565
Çal siňekçi 438, 639
Çal süleçi 554, 662
Çal torgaý 345, 617
Çalymtyl çuluk 239, 595
Çalymtyl hüwi 307, 607
Çalýaňak tersaýak 25, 557
Çarlaklar 250
Çekçeki 416, 633
Çemen atjagazy 355, 619
Çemen jakjakysy 453, 643
Çerikler 261
Çil käkilik 161, 581
Çitçitiler 397
Çitçiti guşy 397, 629
Çöl çekeýigi 465, 645
Çöl çürlentgisi 428, 637
Çöl gargasy 391, 627
Çöl serçesi 510, 653
Çöl torgaýy 337, 615
Çuluk-alahekekler 211
Çuluklar 191
Çulukşekilliler 188
Çümýän ördekler 87
Çürçüri 383, 625
Çürlentgiler 403
Çypar hokgar 49, 561
Çypar ýelbe 178, 583
Çyparbaş laçyn 153, 579
Çyparboýun jikjiki 490, 649
Çyparguýruk siňekçi 440, 639
Çyparguýruk togan 365, 623
Dag atjagazy 357, 621
Dag (dere) hindi towugy 158, 581
Dag aldawajy 430, 637
Dag garlawajy 336, 615
Dag çetçetisi 528, 655
Dag çürlentgisi 426, 635
Dag goýunguşy 361, 621
Dag meýnesy 377, 625
Dag süleçisi 545, 661
Daraklyklar 320
Daryçy 540, 659
Daş dörüji çuluk 207, 589
Daş garlawajy 335, 615
Daş serçesi 512, 653
Daşaýjy çuluk 241, 597
Daşdeşenler 498
Dazzarkel 119, 573
Demirgazyk kebezi 193, 585
Deňiz çäge çulugy 220, 591
Deňiz kebezi 194, 585
Deňizçi ala ördek 96, 569
Deňizçi çarlaklar 249
Depe syçançysy 133, 575
Derya çerigi 267, 601
Derýa çyrlak guşy 405, 631
Derýa ördekleri 75
Diwarguş 499, 651
Doňuzguşşekilliler 324
Doňuzguşlar 325
Dulanan goýunguş 364, 621
Durnalar 168
Durnaşekilliler 167
Dykdyky 281, 603
Ebek 223, 593
Ebekler 213
Egriçüňk çuluk 240, 597
Ekinçi garga 387, 627
Ekinçi ördek 86, 567
Eýran aldawajy 433, 639
Gajar 117, 573
Gamaburun 51, 561
Gamaburunlylar 50
Gamyş (batga) gulatysy 121, 573
Gamyşguşy 412, 633
Gamyş süleçisi 548, 661
Gar girrigi 516, 653
Gara atgarlawaç 315, 611
Gara depeli tekejyllyk 203, 589
Gara çaýkel 110, 571
Gara çekeýik 462, 643
Gara çerik 272, 603
Gara garga 389, 627
Gara jakjaky 455, 643
Gara jokjoky 472, 645
Gara leglek 54, 563
Gara maňlaýly togan 370, 623
Gara ördek 91, 567
Gara petekeli ýogla 20, 557
Gara petekli jokjoky 473, 645
Gara petekeli süleçi 552, 661
Gara petekelije çuluk 219, 591
Gara sar 378, 625
Gara torgaý 343, 617
Gara zag 385, 627
Garabaş süleçi 550, 661
Garabaş çarlak 253, 599
Garabaş jakjaky 454, 643
Garabaşly çürlentgi 425, 635
Garabaş gülegen çarlak 251, 599
Garabaşly züýk 488, 649
Garaboýun çekeýik 463, 645
Garaboýun tersaýak 28, 557
Garaçüňk çerik 262, 601
Garaçüňk gaz 71, 565
Garadamak owazçy 401, 629
Garadöş serçe 506, 653
Garaja gyzylguýruk 450, 641
Garajagazlar 35
Garamtyl billi kepderi 286, 605
Garamtyl deňiz ördegi 95, 569
Garamtylarka çarlak 258, 601
Garçygaý 127, 575
Gargalar 383
Garlawaç pisint çuluklar 245
Garlawaç pisint çemen çulugy 247, 597
Garlawaç pisint sähra çulugy 248, 597
Garlawaçlar 330
Gaýa garlawajy 331, 615
Gaýa kepderisi 286, 605
Gaýa süleçisi 547, 661
Gazlar 65
Gazsekilliler 58
Geçiguşlar 352
Geçiguş 362, 621
Gimalaý jüýgüldewügi 501, 651
Girrikler 515
Girrik 520, 655
Goňur kepderi 284, 605
Goňurarka çuluk 238, 595
Goňurganat çuluk 200, 587
Gorçy 103, 571
Gorçylar 103
Gotanlar 32
Gotanşekilliler 31
Goýunguş 359, 621
Gökgarga 318, 611
Gökgargalar 318
Gögargaşekilliler 317
Gögebakar 39, 559
Gögerçin 283, 605
Gögümtil jikjikiler 484
Gögümtil ördek 96, 569
Gök bähri 154, 579
Gök daş jokjoky 471, 645
Gök hokgar 47, 561
Gök jokjoky 480, 647
Gökdamak bilbil 447, 641
Göwenek 145, 579
Göýdük garaguş 141, 577
Guba gaz 69, 565
Guwlar 59
Gülgüne çarlak 261, 601
Gülegen çarlak 260, 601
Gündizkörler 311
Gündizkörşekilliler 310
Günorta bilbili 444, 641
Gylguýruk 279, 603
Gylguýruk ördek 82, 567

Gyrgypisintli çürlentgi 420, 635
Gyrgy pisint garaguş 142, 577
Gyrgylar 107
Gyrymsy jikjikisi 483, 647
Gysgabarmak serçe 513, 653
Gysgaguýruk gögümtil jikjiki 489, 649
Gyzgylt gotan 32, 559
Gyzyl aýajykly çuluk 234, 595
Gyzylbaşly togan 374, 623
Gyzyl depeli girrik 521, 655
Gyzylganat merjimek guşy 530, 657
Gyzyl gaz 57, 561
Gyzyl petekeli atjagaz 356, 621
Gyzyl petekeli gaz 71, 565
Gyzyl petekeli ýogla 19, 557
Gyzyl petekelije çuluk 218, 591
Gyzyl togan 366, 623
Gyzylbaş garamtyl ördek 89, 567
Gyzylboýun tersaýak 27, 557
Gyzylganat merjimek guşy 530, 657
Gyzylgazlar 57
Gyzylgazşekilliler 55
Gyzylguýruk çekeýik 466, 645
Gyzylinjik 209, 589
Hakgey 38, 559
Hal kepderi 287, 605
Halkaly gumry 289, 605
Hazar kebezi 197, 587
Hindi aldawjy 430, 637
Hindi gamyşguşy 409, 631
Hindi gyzyl togany 373, 623
Hindi sary – ser. meýne
Hindi serçesi 504, 651
Hindi ütelgisi 155, 579
Hokgarlar 38
Hüpükli ikatýok 300, 607
Hüwi 303, 607
Hüýpüpikler 323
Hüýpüpik 323, 613
Ikatýoklar 296
Ikatýökşekilliler 295
Ikburun ýüzegenje 243, 597
Inçe çüňkli ýylkyçy 231, 595
Inçeçüňk gamyşguşy 407, 637
Inçeçüňk torgaý 347, 617
Island çäge çulugy 213, 589
Jennet uzynguýruk siňekçi 437, 639
Jikjikiler 486
Jokjoky sypatly gamyşguşy 414, 633
Jokjokylar 443
Jüptün ördekler 99
Jüýgüldekler 501
Jüýje ýelbe 177, 583
Jygaly ördek 98, 569
Kaçkaldak – ser. sakarbarak
Kaşykburun 50, 561
Kawguş 41, 559
Käkilik 159, 581
Käte alaja siňkçi 442, 639
Kekilli garamtyl ördek 93, 569
Kel guşy – ser. maslykçy
Kenar garlawajy 330, 615
Kendir guşy 527, 655
Kepderi pisintli deňiz çarlagy 256, 599
Kepderiçi laçyn 147, 579
Kepderiler 283
Kepderişekilliler 275
Ker ikatýok 298, 607
Kiçi ak hokgar 46, 561
Kiçi atgarlawaç 316, 611
Kiçi çarak 253, 599
Kiçi çekçeki 417, 633
Kiçi çerik 269, 603
Kiçi garaguşjyk 137, 577
Kiçi garajagaz 36, 559
Kiçi guwy 62, 563
Kiçi gyrgy 147, 579
Kiçi ikatýok 300, 607
Kiçi ikburun 229, 593
Kiçi jüptün ördek 99, 569
Kiçi kebez 191, 585
Kiçi meýdan torgaýy 350, 619
Kiçi sakar gaz 68, 563
Kiçi siňekçi 441, 639
Kiçi suw towugy 176, 583
Kiçi tersaýak 22, 557
Kiçi torgaý 343, 617
Köl çarlagy 254, 599



Kösükpisint gaz 65, 563
Laçynşekilliler 105
Laçynlar 143
Laçyn – ser. ütelgi
Leglekler 53
Leglekşekilliler 38
Martyn – ser. gülegen çarlak
Maslykçy 115, 573
Mazar garaguşy 138, 577
Melemtil girrik 533, 657
Melemtil gündizkör 313, 609
Melemtil sary hüwüjik 302, 607
Menekli owazçy 400, 629
Meýdan atjagazy 353, 619
Meýdan gulatysy 123, 573
Meýdan sercesi 509, 653
Meýdan torgaýy 349, 619
Meýne 380, 625
Mollatorgaý 338, 615
Mongol çöl pitpitisi 531, 657
Mongol kebezi 198, 587
Murtly gögümtil jikjiki 484, 647
Musaýyja (kiçi) gumry 293, 605
Müsür hokgary 44, 561
Oba garlawajy 333, 615
Olýapkalar 396
Orta çarlak 251, 599
Orta ýylkyçy 230, 593
Otagaly hüwi 308, 609
Owadan (akbaş) durna 171, 583
Owazçy çürlentgi 422, 635
Owazçylar 398
Owgan ýer serçesi 516, 653
Öý serçesi 503, 651
Posly çarlak 251, 599
Rýabina jokjokysy 474, 647
Sakar çekeýik 460, 643
Sakarbarak 182, 585
Sakarja ördek 75, 565
Sakaw çarlak 266, 601
Sakgally garaguş 64, 573
Sapak guýrukly garlawaç 332, 615
Sargyldaklar 374
Sargyldak 375,625
Sarlar 376
Sary hokgar 42, 559
Sary petekeli jikjiki 492, 649
Sarybaş goýunguş 360, 621
Sarybaş patyşajyk 435, 639
Sary bilbil (sary süleçi) 551, 661
Saýrak çürlentgi 421, 635
Saýrak jokjoky 476, 647
Sazak serçesi 508, 653
Senegal bagyrtlagy 282, 603
Serçe-çuluk 215, 591
Serçeşekilliler 328
Serçeler 502
Sähra atjagazy 354, 619
Sähra garaguşy 137, 577
Sähra göwenegi 144, 579
Sähra gulatysy 124, 575
Sähra torgaýy 340, 617
Siňekçiler 436
Solgun şygşygy 418, 633
Soltantowuk 181, 583
Sohra (sykylykçy guw) 63, 563
Stýuartyň süleçisi 543, 659
Suw towuklary 172
Suw towugy 179, 583
Süleçiler 539
Süleçi-züýk 553, 662
Sülgünler 158
Sülgün 164, 581
Sütiler 319
Süti 319, 611
Syçançy 132, 575
Sykylykçylar 393
Sykylykçy 394, 629
Sykylykçy gyrgy 130, 575
Sykylykçy hüwüjik 301, 607
Sykylykçy jünekeý 78, 565
Şahlyja torgaý 351, 619
Şalkyboýun guş 325, 613
Şalkyguýruk çürlentgi 434, 639
Şapak aldawajy 429, 637
Şapakçy 443,641
Şorluk torgaýy 346, 617
Şygyrdawuk çuluk 198, 587

Takyrýorga 245, 597
Tamdyra ördegi 85, 567
Tauty (gyzylçunk guw) 59, 563
Tekejyllyk 202, 587
Teňňe nagyşly daşdeşen 328, 613
Tersaýaklar 22
Tersaýakşekilliler 21
Tiňňillewüjik aldawaç 431, 637
Toganlar 364
Toganpisintli sykylykçy 395, 629
Togdary 187, 585
Tokaý atjagazy 354, 619
Tokaý bilbili 467, 645
Tokaý ebegi 227, 593
Tokaý torgaýy 348, 619
Tokaý owazçysy 399, 629
Toklutaý 186, 585
Toklutaýlar 183
Torgaýlar 337
Torsujak gamyşguşy 408, 631
Towukşekilliler 156
Tules çulugy 201, 587
Turaç 166, 581
Turlutaý 149, 579
Türküstan gamyşguşy 415, 633
Tüýlek aýakly syçançy 135, 577
Tüýs ebek 222, 593
Uly ak hokgar 45, 561
Uly ala daşdeşen 326, 613
Uly çalymtyl çarlak 258, 601
Uly dag ebegi 226, 593
Uly gara ördek 97, 569
Uly garaguşjyk 136, 577
Uly garajagaz 35, 559
Uly garga 392, 627
Uly gaýa daşdeşeni 498, 651
Uly gögümtil jikjiki 494, 651
Uly gumry 292, 605
Uly ikburun 228, 593
Uly jeňňel ebegi 225, 593
Uly jünekeý ördek 84, 567
Uly jüptün ördek 102, 571
Uly sakar gaz 66, 563
Uly şygşygy 419, 635
Uly tersaýak 24, 557
Uly ulit çulugy 237, 595
Uly ýylkyçy 232, 595
Uzynçüňkli jüptün ördek 101, 571
Uzynguýruk çarlak 251, 599
Uzyn guýruk jikjikiler 485
Uzynguýruk gögümtil jikjiki 485, 649
Uzynguýruk pitpiti 536, 659
Uzynguýruk suw bürgüdi 111, 571
Uzynguýruk togan 369, 623
Üşegen bürgütler 106
Üşegenje 518, 655
Ütelgi 151, 579
Ýakaly çuluk 222, 591
Ýasyburun ýüzegenje 244, 597
Ýaşyl aldawaç 429, 637
Ýaşyl daraklyk 322, 611
Ýaşyl daşdeşen 326, 613
Ýaşyl paltatumşuk 522, 655
Ýaşyl şygşygy 417, 633
Ýaşyl tiltil 525, 655
Ýaşylbaş 80, 567
Ýaşyryn togan 367, 623
Ýazçy aldawaç 432, 637
Ýaýbaň güýruk gamyşguşy 403, 631
Ýelbe (suw towugy) 174, 583
Ýewropa sykylykçy gyrgysy 129, 575
Ýoglalar 19
Ýoglaşekilliler 19
Ýogynçüňk çöl pitpitisi 531, 657
Ýogynçüňk kebez 195, 587
Ýolkaçy girrik 529, 657
Ýylançy gyrgy 120, 573
Zakyja garga 386, 627
Züýk 487, 649



**Guşlaryň latynça atlaryny görkeziji (sah.)**

**Указатель латинских названий птиц (стр.)**

Accipitridae 107
Accipiter badius 130, 575
Accipiter brevipes 129, 575
Accipiter gentiles 127, 575
Accipiter nisus 128, 575
Acridotheres tristis 380, 625
Acrocephalus agricola 409, 631
Acrocephalus arundinaceus 414, 633
Acrocephalus dumetorum 410, 631
Acrocephalus melanopogon 407, 631
Acrocephalus palustris 413, 633
Acrocephalus schoenobaenus 408, 631
Acrocephalus scirpaceus 412, 633
Acrocephalus stentoreus 415, 633
Actitis hypoleucos 241, 597
Aegithalidae 485
Aegithalos caudatus 485, 649
Aegypius monachus 117, 573
Alaudidae 337
Alauda arvensis 349, 619
Alauda gulgula 350, 619
Alcedinidae 319
Alcedo atthis 319, 611
Alectoris chukar 159, 581
Ammomanes deserti 337, 615
Ammoperdix griseogularis 161, 581
Anatinae 75
Anas acuta 82, 567
Anas clypeata 85, 567
Anas crecca 78, 565
Anas falcata 96, 569
Anas querquedula 84, 567
Anas penelope 75, 565
Anas platyrhynchos 80, 567
Anas strepera 77, 565
Anser albifrons 66, 563
Anser anser 69, 565
Anser cygnoides 71, 565
Anser erythropus 68, 563
Anser fabalis 65, 563
Anseriformes 58
Anserinae 65
Anthus campestris 353, 619
Anthus cervinus 356, 621
Anthus pratensis 355, 619
Anthus richardi 354, 619
Anthus spinoletta 357, 621
Anthus trivialis 354, 619
Apodiformes 314
Apodidae 314
Apus affinis 316, 611
Apus apus 314, 611
Aquila chrysaetos 139, 577
Aquila clanga 136, 577
Aquila heliaca 138, 577
Aquila nipalensis 137, 577
Ardeidae 38
Ardea cinerea 47, 561
Ardea purpurea 49, 561
Ardeola ralloides 42, 559
Arenaria interpres 207, 589
Asio flammeus 309, 609
Asio otus 308, 609
Athene noctua 305, 609
Aythya ferina 89, 567
Aythya fuligula 93, 569
Aythya marila 95, 569
Aythya nyroca 91, 567
Aythyinae 87
Bombycillidae 393
Bombycilla garrulus 394, 629
Botaurus stellaris 38, 559
Branta ruficollis 71, 565
Bubo bubo 303, 607
Bubo scandiaca 304, 609
Bubulcus ibis 44, 561
Bucanetes githagineus 531, 657
Bucephala clangula 98, 569
Burhinidae 189
Burhinus oedicnemus 190, 585
Buteo buteo 132, 575
Buteo lagopus 135, 577

Buteo rufinus 133, 575
Bucanetes githagineus 532, 657
Calandrella acutirostris 347, 617
Calandrella brachydactyla 144, 617
Calandrella cheleensis 346, 617
Calandrella rufescens 345, 617
Colcarius lapponicus 552, 661
Calidris alba 214, 591
Calidris alpina 219, 591
Calidris canutus 213, 589
Calidris ferruginea 218, 591
Calidris maritima 220, 591
Calidris minuta 215, 591
Calidris temminckii 217, 591
Caprimulgiformes 310
Caprimulgidae 311
Caprimulgus aegyptius 313, 609
Caprimulgus europaeus 311, 609
Carduelis cannabina 526, 655
Carduelis carduelis 523, 655
Carduelis chloris 522, 655
Carduelis flammea 529, 657
Carduelis flavirostris 528, 655
Carduelis spinus 525, 655
Carpodacus erythrinus 534, 657
Carpodacus rhodochlamys 535, 657
Casmerodius albus 45, 561
Certhiidae 500
Certhia himalayana 501, 651
Cettia cetti 403, 631
Charadriiformes 188
Charadriidae 191
Charadrius alexandrinus 194, 585
Charadrius asiaticus 197, 587
Charadrius dubius 192, 585
Charadrius hiaticula 193, 585
Charadrius leschenaultii 195, 587
Charadrius mongolus 198, 587
Chlamydotis undulata 187, 585
Chlidonias hybrida 270, 603
Chlidonias leucopterus 273, 603
Chlidonias niger 272, 603
Ciconiiformes 38
Ciconiidae 53
Ciconia ciconia 53, 563
Ciconia nigra 54, 563
Cinclidae 396
Cinclus cinclus 396, 629
Circaetus gallicus 120, 573
Circus aeruginosus 121, 573
Circus cyaneus 123, 573
Circus macrourus 124, 575
Circus pygargus 125, 575
Clamator glandarius 300, 607
Clangula hyemalis 96, 569
Coccothraustes coccothraustes 537, 659
Columbidae 282
Columbiformes 275
Columba eversmanni 284, 605
Columba livia 283, 605
Columba oenas 287, 605
Columba palumbus 288, 605
Columba rupestris 286, 605
Coraciiformes 317
Coraciidae 318
Coracias garrulus 318, 611
Corvidae 382
Corvus corax 392, 627
Corvus cornix 390, 627
Corvus corone 389, 627
Corvus frugilegus 387, 627
Corvus monedula 386, 627
Corvus ruficollis 391, 627
Coturnix coturnix 162, 581
Crex crex 178, 583
Cuculiformes 295
Cuculidae 296
Cuculus canorus 296, 607
Cuculus poliocephalus 300, 607
Cuculus saturatus 298, 607
Cursorius cursor 246, 597
Cygninae 59
Cygnus columbianus (bewickii) 62, 563
Cygnus cygnus 63, 563
Cygnus olor 59, 563
Delichon urbica 336, 615
Dendrocopos leucopterus 326, 613
Dendrocopos major 326, 613



Egretta garzetta 46, 561
Emberizidae 539
Emberiza aureola 553, 662
Emberiza bruniceps 551, 661
Emberiza buchanani 547, 661
Emberiza rustica 553, 662
Emberiza cia 545, 661
Emberiza cineracea 554, 662
Emberiza citrinella 543, 659
Emberiza hortulana 546, 661
Emberiza leucocephala 542, 659
Embrezia melanocephala 550, 661
Emberiza schoeniclus 548, 661
Emberiza stewarti 543, 659
Eremopsaltria mangolicus 531, 657
Eremophila alpestris 351, 619
Erithakus rubecula 443, 641
Erythropygia galactotes 467, 645
Eudromias morinellus 198, 587
Eudynamys scolopaceus 300, 607
Falco cherrug 151, 579
Falco columbarius 147, 579
Falco jugger 155, 579
Falco naumanni 144, 579
Falco pelegrinoides 154, 579
Falco peregrinus 155, 579
Falco subbuteo 149, 579
Falco tinnuculus 145, 579
Falco vespertinus 147, 579
Falconidae 143
Falconiformes 105
Fhasianidae 157
Ficedula albicollis 442, 639
Ficedula parva 441, 639
Ficedula hypoleuca 442, 639
Francolinus francolinus 166, 581
Fringillidae 515
Fringilla coelebs 519, 655
Fringilla montifringilla 520, 655
Fulica atra 182, 585
Galerida cristata 338, 615
Galliformes 156
Gallinago gallinago 223, 593
Gallinago media 225, 593
Gallinago solitaria 226, 593
Gallinula chloropus 179, 593
Garrulax lineatus 482, 647
Gaviiformes 19
Gaviidae 19
Gavia arctica 20, 557
Gavia stellata 19, 557
Glareolidae 245
Glareola nordmanni 248, 597
Glareola pratincola 247, 597
Gruiformes 167
Gruidae 168
Grus grus 169, 581
Grus leucogeranus 171, 581
Grus virgo 171, 583
Gypaetus barbatus 114, 573
Gyps fulvus 119, 573
Haematopodidae 211
Haematopus ostralegus 212, 589
Haliaeetus albicilla 112, 573
Haliaeetus leucoryphus 111, 571
Hieraaetus fasciatus 142,577
Hieraaetus pennatus 141, 577
Himantopus himantopus 209, 589
Hippolais caligata 416, 633
Hippolais icterina 417, 633
Hippolais languida 419, 635
Hippolais pallida 418, 633
Hippolais rama 417, 633
Hipocolius ampelinus 395, 629
Hirundinidae 330
Hirundo daurica 335, 615
Hirundo rupestris 331, 615
Hirundo rustica 333, 615
Hirundo smithii 332, 615
Ibididae 50
Irania gutturalis 448, 641
Ixobrychus minutus 39, 559
Jynx torguilla 325, 613
Laniidae 364
Lanius collurio 366, 623
Lanius excubitor 371, 623
Lanius isabellinus 365, 623
Lanius minor 376, 623

Lanius nubicus 367, 623
Lanius schach 369, 623
Lanius senator 375, 623
Lanius vittatus 374, 623
Laridae 250
Larus cachinnans 260, 601
Larus canus 258, 601
Larus fuscus 258, 601
Larus genei 256, 599
Larus hyperboreus 558, 661
Larus ichthyaetus 251, 599
Larus melanocephalus 253, 599
Larus minutus 253, 599
Larus ridibundus 254, 599
Limicola falcinellus 221, 591
Limosa lapponica 219, 593
Limosa limosa 228, 593
Locustella fluviatilis 405, 631
Locustella luscinioides 406, 631
Locustella naevia 404, 631
Loxia curvirostra 529, 657
Lullula arborea 348, 619
Luscinia luscinia 446, 641
Luscinia megarhynchos 444, 641
Luscinia svecica 447, 641
Lymnocryptes minimus 222, 593
Marmaronetta angustirostris 86, 567
Melanitta fusca 97, 569
Melanitta nigra 96, 569
Melanocorypha bimaculata 341, 617
Melanocorypha calandra 340, 617
Melanocorypha leucoptera 342, 617
Melanocorypha yeltoniensis 343, 617
Merginae 99
Mergellus albellus 99, 569
Mergus merganser 102, 571
Mergus serrator 101, 571
Meropidae 320
Merops apiaster 321, 611
Merops persicus 322, 611
Milaria calandra 540, 659
Milvus migrans 110, 571
Monticola saxatilis 469, 645
Monticola solitarius 470, 645
Montifringilla nivalis 516, 653
Montifringilla theresae 516, 653
Motacillidae 352
Motacilla alba 362, 621
Motacilla cinerea 361, 621
Motacilla citreola 360, 621
Motacilla flawa 359, 621
Motacilla personata 363, 621
Muscicapide 436
Muscicapa striata 438, 639
Muscikapa ruficauda 440, 639
Mycerobas carnipes 538, 659
Myophonus caeruleus 480, 647
Neophron percnopterus 115, 573
Netta rufina 88, 567
Numenius arquata 232, 595
Numenius phaeopus 230, 593
Numenius tenuirostris 231, 595
Nycticorax nycticorax 41, 559
Oenanthe deserti 463, 645
Oenanthe finschii 464,645
Oenanthe hispanica 461, 643
Oenanthe isabellina 456, 643
Oenanthe oenanthe 458, 643
Oenanthe pikata 462, 643
Oenanthe pleschanka 460, 643
Oenanthe chrysopygia 466, 645
Oriolidae 375
Oriolus oriolus 375, 625
Otididae 183
Otis tarda 186, 585
Otus brucei 302, 607
Otus scops 301, 607
Oxyura leucocephala 103, 571
Oxyurinae 103
Pandion haliaetus 106, 571
Pandionidae 106
Panuridae 484
Panurus biarmicus 484, 647
Paridae 486
Parus ater 489, 649
Parus bokharensis 496, 651
Parus cinereus 497, 651
Parus caeruleus 491, 649



Parus cyanus 493, 649
Parus flavipectus 492, 649
Parus major 494, 651
Parus rufonuchalis 490, 649
Passeriformes 328
Passeridae 502
Passer ammodendri 508, 653
Passer domesticus 503, 651
Passer hispaniolensis 506, 653
Passer indicus 504, 651
Passer montanus 509, 653
Passer simplex 510, 653
Pelecaniformes 31
Pelecanidae 32
Pelecanus crispus 33, 559
Pelecanus onocrotalus 32, 559
Pernis apivorus 107, 571
Petronia brachydactyla 513, 653
Petronia petronia 512, 653
Phalacrocoracidae 35
Phalacrocorax carbo 35, 559
Phalacrocorax pygmeus 36, 559
Phalaropus fulicarius 244, 597
Phalaropus lobatus 243, 597
Phasianus colchicus 164, 581
Philomachus pugnax 221, 591
Phoenicopteriformes 55
Phoenicopteridae 57
Phoehicopterus roseus 57, 561
Phoenicurus erythronotus 449, 641
Phoenicurus ochruros 450, 641
Phoenicurus phoenicurus 452, 641
Phylloscopus collybita 431, 637
Phylloscopus griseolus 430, 637
Phylloscopus humei 430, 637
Phylloscopus inornatus 429, 637
Phylloscopus neglectus 433, 639
Phylloscopus trochiloides 429, 637
Phylloscopus trochilus 432, 637
Pica pica 384, 627
Piciformes 324
Picidae 325
Picus squamatus 328, 613
Picus viridis 326, 613
Platalea leucorodia 50, 561
Plegadis falcinellus 51, 561
Plectrophenax nivalis 553, 662
Pluvialis apricaria 299, 587
Pluvialis fulva 200, 587
Pluvialis squatarola 201, 587
Podicipediformes 21
Podicipedidae 22
Podiceps auritus 27, 557
Podiceps cristatus 24, 557
Podiceps grisegena 25, 557
Podiceps nigricollis 28, 557
Podoces panderi 383, 625
Porphyrio porphyrio 181, 583
Porzana parva 176, 583
Porzana porzana 174, 583
Porzana pusilla 177, 583
Prunellidae 398
Prunella atrogularis 401, 629
Prunella collaris 402, 629
Prunella modularis 399, 629
Prunella ocularis 400, 629
Pteroklidae 276
Pterokles alhata 279, 603
Pterokles orientalis 277, 603
Pterokles senegallus 282, 603
Pyrrhula pyrrhula 536, 657
Pyrrhula graculus 386, 627
Pyrrohorax pyrrohorax 385, 627
Rallidae 172
Rallus aquaticus 173, 583
Recurvirostriidae 209
Recurvirostra avosetta 210, 589
Regulidae 435
Regulus regulus 435, 639
Remiz coronatus 488, 649
Remiz pendulinus 487, 649
Rhodopechys obsoletus 533, 657
Rhodopechys sanguinea 530, 657
Rhodostethia rosea 261, 601
Riparia riparia 330, 615
Saxicola caprata 455, 643
Saxicola rubetra 453, 643
Saxicola torquatus 454, 643

Scolopacidae 213
Scolopax rusticola 227, 593
Scotocerca inquieta 434, 639
Serinus pusillus 521, 655
Sittidae 498
Sitta tephronota 498, 651
Stercorariidae 249
Stercorarius longicaqudus 250, 599
Stercorarius parasiticus 250, 599
Stercorarius pomarinus 250, 599
Sternidae 261
Sterna albifrons 269, 603
Sterna caspia 266, 601
Sterna hirundo 267, 601
Sterna nilotica 262, 601
Sterna sandvicensis 264, 601
Steptopelia decaocto 289, 605
Streptopelia orientalis 292, 605
Streptopelia senegalensis 293, 605
Streptopelia turtur 290, 605
Strigiformes 300
Strigidae 301
Strix aluco (nivicola) 307, 609
Sturnidae 376
Sturnus pagodarum 377, 625
Sturnus roseus 379, 625
Sturnus vulgaris 377, 625
Sylviidae 403
Sylvia althaea 426, 635
Sylvia atricapilla 425, 635
Sylvia borin 424, 635
Sylvia communis 423, 635
Sylvia curruca 422, 635
Sylvia hortensis 421, 635
Sylvia mystacea 427, 637
Sylvia nana 428, 637
Sylvia nisoria 420, 635
Syrrhaptes paradokus 281, 603
Tachybaptus ruficollis 22, 557
Tachymarptis melba 317, 609
Tadorna ferruginea 72, 565
Tadorna tadorna 73, 565
Tadorninae 72
Terpsiphone paradisi 437, 639
Tetraogallus caspius 157, 581
Tetrax tetrax 184, 585
Tichodroma muraria 549, 651
Timeliidae 482
Tringa erythropus 233, 595
Tringa glareola 239, 595
Tringa nebularia 237, 595
Tringa ochropus 238, 595
Tringa stagnatilis 235, 595
Tringa totanus 234, 595
Troglodytidae 397
Troglodytes troglodytes 397, 629
Turdidae 443
Turdus iliacus 477, 647
Turdus merula 472, 645
Turdus philomelos 476, 647
Turdus pilaris 474, 647
Turdus ruficollis 473, 645
Turdus torquatus 479, 647
Turdus viscivorus 478, 647
Tytonidae 308
Tyto alba 308, 609
Upupidae 323
Upupa epops 323, 613
Uragus sibiricus 536, 659
Vanellus gregarius 203, 589
Vanellus indicus 205, 589
Vanellus leucurus 202, 587
Vanellus vanellus 205, 589
Xenus cinereus 240, 597



**Guşlaryň rusça atlaryny görkeziji (sah.)**

**Указатель русских названий птиц (стр.)**

Авдотка 190, 585
Авдотки 189
Аистообразные 38
Аистовые 53
Аист белый 53, 561
Аист черный 54, 563
[ Афганка ] - см. нырок красноносый
Баклановые 35
Баклан большой 35, 559
Баклан малый 36, 559
Балобан 151, 579
Бегунок 245, 597
Бекас 223, 593
Бекасовые 213
Белоголовый сип 119, 573
Белохвостая пигалица 202, 587
Беркут 139, 577
Большой подорлик 136, 577
Большой улит 237, 595
Бормотушка большая 419, 635
Бормотушка северная 416, 633
Бормотушка южная 417, 633
Бородач 114, 573
Бургомистр 258, 601
Вальдшнеп 227, 593
Варакушка 447, 641
Веретенник большой 228, 593
Веретенник малый 229, 593
Вертишейка 325, 613
Воробей афганский земляной 516, 653
Воробьинообразные 328
Воробьиные 502
Воробей домовый 503, 651
Воробей индийский 504, 651
Воробей испанский 506, 653
Воробей каменный 512, 653
Воробей короткопалый 513, 653
Воробей полевой 509, 653
Воробей пустынный 510, 653
Воробей саксаульный 508, 653
Врановые 382
Ворон обыкновенный 392, 627
Ворон пустынный 391, 627
Ворона серая 390, 627
Ворона черная 389, 627
Воронок 336, 615
Выпь большая 38, 559
Выпь малая 39, 559
Вьюрковые 515
Вьюрок – см. юрок
Вьюрок буланый 533, 657
Вьюрок красношапочный 521, 655
Вьюрок снежный 516, 653
Вяхирь 287, 605
Гагарообразные 19
Гагаровые 19
Гагара краснозобая 19, 557
Гагара чернозобая 20, 557
Галка 386, 627
Галка альпийская 387, 627
Гаршнеп 222, 593
Гоголь обыкновенный 98, 569
Голубеобразные 275
Голубиные 282
Голубь бурый 284, 605
Голубь сизый 283, 605
Голубь скалистый 286, 605
Горихвостка красноспинная 449, 641
Горихвостка обыкновенная 452, 641
Горихвостка-чернушка 450, 641
Горлица малая 293, 605
Горлица большая 292, 605
Горлица кольчатая 289, 605
Горлица обыкновенная 290, 605
Горная зарничка 430, 637
Горный дупель 226, 593
Грач 387, 627
Гриф – см. черный гриф
Грязовик 220, 591
Гуменник 65, 563
Гусеобразные 58
Гусиные 65

Гусь белолобый 66, 563
Гусь серый 69, 565
Гусь-гуменник – см. гуменник
Гусь-пискулька – см. пискулька
Гусь-сухонос – см. сухонос
Дербник 147, 579
Джек – см. дрофа-красотка
Длиннохвостые синицы 485
Домовый сыч 305, 609
Дроздовые 443
Дрозд-белобровик 477, 647
Дрозд белозобый 479, 647
Дрозд-деряба 478, 647
Дрозд певчий 476, 647
Дрозд пестрый каменный 469, 645
Дрозд синий каменный 470, 645
Дрозд краснозобый 473, 645
Дрозд черный 472, 645
Дрозд-рябинник 474, 647
Дрофиные 183
Дрофа 186, 585
Дрофа-красотка, или джек 187, 585
Дубонос арчёвый 538, 659
Дубонос обыкновенный 537, 659
Дупель 225, 593
Дупель горный – см. горный дупель
Дубровник 553, 662
Дятлообразные 324
Дятловые 325
Дятел белокрылый 326, 613
Дятел большой пестрый 326, 613
Дятел зеленый 326, 613
Дятел чешуйчатый 328, 613
Жаворонковые 337
Жаворонок белокрылый 3432 617
Жаворонок двупятнистый 341, 617
Жаворонок индийский 350, 619
Жаворонок лесной 348, 619
Жаворонок малый 343, 617
Жаворонок полевой 349, 619
Жаворонок пустынный 337, 615
Жаворонок рогатый 351, 619
Жаворонок серый 345, 617
Жаворонок солончаковый 346, 617
Жаворонок степной 340, 617
Жаворонок тонкоклювый 347, 617
Жаворонок хохлатый 338, 615
Жаворонок черный 343, 617
Жулан индийский 373, 623
Жулан кашгарский 365, 623
Жулан обыкновенный 366, 623
Журавлеобразные 167
Журавлиные 168
Журавль белый – см. стерх
Журавль серый 169, 581
Журавль-красавка 171, 583
Завирушковые 398
Завирушка альпийская 402, 629
Завирушка лесная 399, 629
Завирушка персидская 400, 629
Завирушка черногорлая 401, 629
Зарянка 443, 641
Зеленушка 522, 655
Зимняк 135, 577
Зимородковые 319
Зимородок обыкновенный 319, 611
Змееяд 120, 573
Зуек - галстучник 193, 585
Зуек каспийский 197, 587
Зуек малый 191, 585
Зуек монгольский 198, 587
Зуек морской 194, 585
Зуек толстоклювый 195, 587
Зяблик 518, 655
Ибисовые 50
Иволговые 374
Иволга обыкновенная 375, 625
Казарка краснозобая – см. краснозобая казарка
Каменка златогузая 466, 645
Каменка испанская 461, 643
Каменка обыкновенная 458, 643
Каменка-плешанка 460, 643
Каменка-плясунья 456, 643
Каменка пустынная 465, 645
Каменка черная 462, 643
Каменка черношейная 463, 645
Камнешарка 207, 589



Камышевка - барсучок 408, 631
Камышевка болотная 413, 633
Камышевка дроздовидная 414, 633
Камышевка индийская 409, 631
Камышевка садовая 410, 631
Камышевка тонкоклювая 407, 631
Камышевка тростниковая 412, 633
Камышевка туркестанская 415, 633
Камышевка широкохвостая – см. широкохвостка
Камышница 179, 583
Канюк-курганник - см. курганник
Канюк обыкновенный 132, 575
Каравайка 51, 561
Касатка – см. ласточка деревенская
Касатка [утка] 96, 569
Каспийский улар 157, 581
[Качкалдак] – см. лысуха
Кваква 41, 559
Кеклик 159, 581
Клест-еловик 529, 657
Клинтух 286, 605
Клуша 258, 601
Клушица 385, 627
Кобчик 147, 579
Козодоеобразные 310
Козодоевые 311
Козодой буланый 313, 609
Козодой обыкновенный 311, 609
Колпица 50, 561
Конек горный 357, 621
Конек краснозобый 356, 621
Конек лесной 354, 619
Конек луговой 355, 619
Конек полевой 353, 619
Конек степной 354, 619
Коноплянка 526, 655
[Копытка] – см. саджа
Корольковые 435
Королек желтоголовый 435, 639
Коростель 178, 583
Коршун – см. черный коршун
Коэль азиатский 300, 607
Крапивники 397
Крапивник 397, 629
Красавка – см. журавль-красавка
[Краснобаш] – см. чернеть голубая
Краснозобая казарка 71, 565
Краснозобик 218, 591
Краснокрылый чечевичник 530, 657
[Красотка] – см. дрофа-красотка
Крачковые 261
Крачка белокрылая 273, 603
Крачка белощекая 270, 603
Крачка малая 269, 603
Крачка пестроносая 264, 601
Крачка речная 267, 601
Крачка чайконосая 262, 601
Крачка черная 272, 603
Кречетка 203, 589
Кроншнеп большой 232, 595
Кроншнеп тонкоклювый 231, 595
Кроншнеп средний 230, 593
Крохалиные 99
Крохаль большой 102, 571
Крохаль длинноносый 101, 571
Кряква 80, 567
Кукушка глухая 298, 607
Кукушка малая 300, 607
Кукушка обыкновенная 296, 607
Кукушка хохлатая 300, 607
Кукушкообразные 295
Кукушковые 296
Кулик-воробей 215, 591
Кулик-сорока 212, 589
Кулики-сороки 211
Курганник 133, 575
Курообразные 156
Куропатка каменная – см. кеклик
Куропатка пустынная 161, 581
Кустарница 482, 647
Лаггар 155, 579
Лазоревка белая 493, 649
Лазоревка желтогрудая 492, 649
Лазоревка обыкновенная 491, 649
Ласточковые 330
Ласточка береговая 330, 615
Ласточка городская – см. воронок

Ласточка деревенская 333, 615
Ласточка нитехвостая 332, 615
Ласточка рыжепоясничная 335, 615
Ласточка скальная 331, 615
Лебединые 59
Лебедь малый 62, 563
Лебедь-кликун 63, 563
Лебедь-шипун 59, 563
Лунь болотный 121, 573
Лунь луговой 125, 575
Лунь полевой 123, 573
Лунь степной 124, 575
Луток 99, 569
Лысуха 182, 585
Майна 380, 625
Майна горная 377, 625
[Мартын] – см. хохотунья
Могильник 138, 577
Мородунка 240, 597
Морской голубок 256, 599
Морянка 96, 569
Мраморный чирок 86, 567
Мухоловковые 436
Мухоловка-белошейка 442, 639
Мухоловка малая 441, 639
Мухоловка райская 437, 639
Мухоловка рыжехвостая 440, 639
Мухоловка серая 438, 639
Мухоловка-пеструшка 442, 639
Неясыть – см. серая неясыть
Нырковые – см. утки нырковые
Нырок белоглазый – см. чернеть белоглазая
Нырок красноголовый – см. чернеть голубая
Нырок красноносый 88, 567
Обыкновенный фламинго 57, 563
Овсянковые 539
Овсянка белошапочная 541, 659
Овсянка горная 545, 661
Овсянка желчная 551, 661
Овсянка обыкновенная 542, 659
Овсянка-ремез 553, 662
Овсянка садовая 546, 661
Овсянка серая 554, 662
Овсянка скальная 547, 661
Овсянка Стюарта 543, 659
Овсянка тростниковая 548, 661
Овсянка черноголовая 550, 661
Огарь, или отайка [огарёк] 72, 565
Оляпка обыкновенная 396, 629
Оляпковые 396
Ополовник – см. длиннохвостая синица
Орел-беркут – см. беркут
Орел-карлик 141, 577
Орел-могильник – см. могильник
Орел-подорлик – см. большой подорлик
Орел степной 137, 577
Орел ястребиный – см. ястребиный орел
Орлан-белохвост 112, 573
Орлан-долгохвост 111, 571
Осоед обыкновенный 107, 571
Пастушковые 172
Пастушок 173, 583
Пеганковые 72
Пеганка 73, 565
Пеликанообразные 31
Пеликановые 32
Пеликан кудрявый 33, 559
Пеликан розовый 32, 559
Пеночка-весничка 432, 637
Пеночка горная – см. горная зарничка
Пеночка-зарничка 429, 637
Пеночка зеленая 429, 637
Пеночка индийская 430, 637
Пеночка иранская 433, 639
Пеночка-теньковка 431, 637
Перевозчик 241, 597
Перепел 162, 581
Перепелятник 128, 575
Пересмешка бледная 418, 633
Пересмешка зеленая 417, 633
Песочник белохвостый 217, 591
Песочник исландский 213, 589





Песочник морской 220, 591
Песчанка 214, 591
Пигалица – см. белохвостая пигалица
Пискулька 68, 563
Пищуховые 500
Пищуха гималайская 501, 651
Плавунчик круглоносый 243, 597
Плавунчик плосконосый 244, 597
Поганкообразные 21
Поганковые 22
Поганка большая, или чомга 24, 557
Поганка красношейная 27, 557
Поганка малая 22, 557
Поганка серощекая 25, 557
Поганка черношейная 28, 557
Погоныш 174, 583
Погоныш-крошка 177, 583
Погоныш малый 176, 583
Подорожник 552, 661
Поморниковые 249
Поморник длиннохвостый 250, 599
Поморник короткохвостый 250, 599
Поморник средний 250, 599
Поползневые 498
Поползень большой скалистый 498, 651
Поручейник 235, 595
Просянка 540, 659
Пуночка 553, 661
Пустельга обыкновенная 145, 579
Пустельгая степная 144, 579
Ракшеобразные 317
Ремез обыкновенный 487, 649
Ремез черноголовый 488, 649
Ржанкообразные 188
Ржанки 191
Ржанка бурокрылая 200, 587
Ржанка золотистая 199, 587
Рыжеголовый сокол – см. шахин
Рябковые 276
Рябок белобрюхий 279, 603
Рябок сенегальский 282, 603
Рябок чернобрюхий 277, 603
Савковые 103
Савка, или белоголовая утка 103, 571
Саджа 281, 603
Саксаульная сойка 383, 625
Сапсан 154, 579
Сарыч – см. канюк обыкновенный
Сверчок обыкновенный 404, 631
Сверчок речной 405, 631
Сверчок соловьиный 406, 631
Свиристелевые 393
Свиристель 394, 629
Свиристелевый сорокопут – см. сорокопутовый свиристель
Свиязь 75, 565
[Седыш] – см. чернеть голубая
Серая неясыть 307, 609
Серая утка [Серушка] 77, 565
Сизоворонковые 318
Сизоворонка 318, 611
Синицевые 486
Синица большая 494, 651
Синица бухарская 496, 651
Синица длиннохвостая 485, 649
Синица рыжешейная 490, 649
Синица серая 497, 651
Синица усатая 484, 647
Синица черная, или московка 489, 649
Синьга 96, 569
Синяя птица 480, 647
Сип – см. белоголовый сип
Сипуха 308, 609
Скворцовые 376
Скворец длиннохохлый – см. майна горная
Скворец индийский – см. майна
Скворец обыкновенный 377, 625
Скворец розовый 379, 625
Скопиные 106
Скопа 106, 571
Скотоцерка 434, 639
Славковые 403
Славка белоусая 427, 637
Славка вертлявая – см. скотоцерка
Славка горная 426, 637
Славка-завирушка 422, 635

Славка певчая 421, 635
Славка пустынная 428, 637
Славка садовая 424, 635
Славка серая 423, 635
Славка черноголовая 425, 635
Славка ястребиная 420, 635
Снегирь 536, 659
Снегирь длиннохвостый 536, 659
Снегирь монгольский 531, 657
Снегирь пустынный 531, 657
Совообразные 300
Совиные 301
Сова белая 304, 609
Сова болотная 309, 609
Сова ушастая 308, 609
Совка буланая или пустынная 302, 607
Совка-сплюшка – см. сплюшка
Соколообразные 105
Соколиные 143
Соловей-белошейка 448, 641
Соловей обыкновенный 446, 641
Соловей южный 444, 641
Сорока 384, 625
Сорокопутовые 364
Сорокопут длиннохвостый 369, 623
Сорокопут красноголовый 374, 623
Сорокопут маскированный 367, 623
Сорокопут серый 371, 623
Сорокопут чернолобый 370, 623
Сорокопутовый свиристель 395, 629
Сплюшка 301, 607
Стенолаз 499, 651
Стервятник 115, 573
Стерх 170, 581
Стрепет 184, 585
Стрижеобразные 314
Стрижиные 314
Стриж белобрюхий 317, 611
Стриж малый 316, 611
Стриж черный 314, 611
Султанка 181, 583
Суторовые 484
Сухонос 71, 565
Сыч – см. домовый сыч
Тетеревятник 127, 575
Тимелиевые 482
Тимелия полосатая – см. кустарница
Тиркушковые 245
Тиркушка луговая 247, 597
Тиркушка степная 248, 597
Травник 234, 595
Трясогузковые 352
Трясогузка белая 362, 621
Трясогузка горная 361, 621
Трясогузка жёлтая 359, 621
Трясогузка желтоголовая 360, 621
Трясогузка маскированная 363, 621
Тугайный соловей 467, 645
Тулес 201, 587
[Тураль] – см. рябок чернобрюхий
Турач 166, 581
Турпан обыкновенный 97, 569
[Туртушка] – см. рябок белобрюхий
Турухтан 221, 591
Тювик 130, 575
Тювик европейский 129, 575
Удодовые 323
Удод 323, 613
Украшенный чибис 204, 589
Улар – см. каспийский улар
Утки нырковые 87
Утки речные 75
Фазановые 157
Фазан 164, 581
Филин 303, 607
Фифи 239, 595
Фламингообразные 55
Фламинговые 57
Фламинго – см. обыкновенный фламинго
Ходулочник 209, 589
Хохотунья 260, 601
Хрустан 198, 587
Цаплевые 38
Цапля большая белая 45, 561



Цапля египетская 44, 561
Цапля желтая 42, 559
Цапля малая белая 46, 561
Цапля рыжая 49, 561
Цапля серая 47, 561
Чайковые 250
Чайка-голубок – см. морской голубок
Чайка малая 253, 599
Чайка озерная 254, 599
Чайка розовая 261, 601
Чайка серебристая – см. хохотунья
Чайка сизая 258, 601
Чайка черноголовая 253, 599
Чайка-клуша – см. клуша
Чайка-хохотун – см. черноголовый хохотун
Чайка-хохотунья – см. хохотунья
Чеглок 149, 579
Чеграва 266, 601
Чекан луговой 453, 643
Чекан черноголовый 454, 643
Чекан чёрный 455, 643
Чернеть белоглазая 91, 567
Чернеть голубая 89, 567
Чернеть красноголовая – см. чернеть голубая
Чернеть морская 95, 569
Чернеть хохлатая 93, 569
Черноголовый хохотун 251, 599
Чернозобик 219, 591
[Чернушка] – см. чернеть хохлатая
Черный гриф 117, 573
Черный коршун 110, 571
Черныш 238, 595
Чечевица арчёвая 535, 657
Чечевица обыкновенная 534, 657
Чечетка горная 528, 655
Чечетка обыкновенная 529, 657
Чибис 205, 589
Чибис украшенный – см. украшенный чибис
Чиж 525, 655
[Чиль] – см. пустынная куропатка
Чирок мраморный – см. мраморный чирок
Чирок-свистунок 78, 565
Чирок-трескунок 84, 567
Чомга – см. поганка большая
Шахин 153, 579
Шилоклювковые 209
Шилоклювка 210, 589
Широкохвостка 403, 631
Шилохвость 82, 567
Широконоска 85, 567
Щегол 523, 655
Щёголь 233, 595
Щурковые 320
Щурка зеленая 322, 611
Щурка золотистая 321, 611
Юрок 519, 655
Ястребиные 107
Ястребиный орел 142, 577

**MAZMUNY**


**Sözbaşy** 3

**Guşlaryň sistematiki toparlarynyň we görnüşleriniň beýany** 19

Ŷoglaşekilliler 19

Tersaýakşekilliler 21

Gotanşekilliler 31

Leglekşekilliler 38

Gyzylgazşekilliler 55

Gazsekilliler 58

Laçynşekilliler 105

Towukşekilliler 156

Durnaşekilliler 167

Çulukşekilliler 188

Kepderişekilliler 275

Ikatýökşekilliler 295

Hüwişekilliler 300

Gündizkörşekilliler 310

Atgarlawaçşekilliler 314

Gökgargaşekilliler 317

Doňuzguşşekilliler 324

Serçeşekilliler 328

**Suratlar** 555

Hödürlenýän edebiýatlar 663

Guşlaryň türkmençe atlaryny görkeziji 665

Guşlaryň latinça atlaryny görkeziji 671

Guşlaryň rusça atlaryny görkeziji 677


**ОГЛАВЛЕНИЕ**


**Вводная часть** 3

**Описания систематических групп и видов птиц** 19

Гагарообразные 19

Поганкообразные 21

Пеликанообразные 31

Аистообразные 38

Фламингообразные 55

Гусеобразные 58

Соколообразные 105

Курообразные 156

Журавлеобразные 167

Ржанкообразные 188

Голубеобразные 275

Кукушкообразные 295

Совообразные 300

Козодоеобразные 310

Стрижеобразные 314

Ракшеобразные 317

Дятлообразные 324

Воробьеобразные 328

**Иллюстрации** 555

Рекомендуемая литература 663

Указатель туркменских названий птиц 665

Указатель латинских названий птиц 671

Указатель русских названий птиц 677




## GUŞLARYŇ DEŇEŞDIRME ÖLÇEGLERI
## СРАВНИТЕЛЬНЫЕ РАЗМЕРЫ ПТИЦ



# GUŞLARYŇ BEDEN BÖLEKLERINIŇ WE ÝELEK ÖRTÜKLI MEÝDANÇALARYNYŇ ATLARY

## НАЗВАНИЯ ЧАСТЕЙ ТЕЛА И УЧАСТКОВ ОПЕРЕНИЯ ПТИЦЫ






# WAJYP ÖLÇEGLER

## ВАЖНЕЙШИЕ ПРОМЕРЫ




# GUÝRUK KESIMINIŇ GÖRNÜŞLERI (FORMALARY)

## ФОРМА ОБРЕЗА ХВОСТА




Türkmenistanyň territoriýasynyň
landşaftlara bölünişi
Ландшафтное подразделение
территории Туркменистана
Daglar – Горы:
dagalryň aşaky guşaklygy – нижний пояс
dagalryň orta guşaklygy – средний пояс
daglaryň ýokarky guşaklygy – верхний пояс
medeni zolak – оазисы
suw-bagtalyklar – водно-болотные
Çöller – Пустыни:
çägesöw çöllük – песчаная
gezli çöllük – гипсовая
toýunsow çöllük – глинистая
gert we dag etek çöllügi – лёссовая
çägesöw we gezli – песчано-гипсовая
çägesöw we toýunsow – песчано-глинистая
çägesöw we gert – песчано-лёссовая
ürgün çägelikler – барханы
takyrlar – такыры
şorluklar – солончаки
50 0 50 km